3. Nazaryýet bilen tejribäniň arasyndaky arabaglanyşygy güýçlendirmek üçin ýokary okuw mekdepleriniň kafedralarynyň we fakultetleriniň IT-kompaniýalary bilen hyzmatdaşlykda laboratoriýalaryny döretmegi. Talyplaryň hakyky taslamalara gatnaşmagy we hünärmenlerden tejribe almaklary olara zerur hünär başarnyklary ele almaklary üçin esas boljak häzirki zaman tehnologiýalaryny hem-de usullaryny özleşdirmäge kömek eder. Şeýle hem, bu çemeleşme talyplara maglumat tehnologiýasy pudagynyň häzirki ugurlaryny has çuňňur öwrenmäge we olara hakyky meseleleriň üstünde işlemegiň tejribesini ösdürmäge ýardam berýär.

4. "Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasyna" laýyklykda, mekdepden başlap geljekki IT hünärmenleri taýýarlamak üçin IT klublary, IT merkezleri we ýöriteleşdirilen synplary döretmegi işjeňleşdirmek, şeýle

hem IT kompaniýalary tarapyndan işlenip düzülen häzirki zaman usullary boýunça programmirlemegiň esaslaryny öwrenmek üçin döredilen sanly platformalary ulanmak. Bu başlangyçlar ýurdumyzyň ähli sebitlerinde ýaşlaryň bilimlerini we başarnyklaryny ösdürmäge, şeýle hem IT ýaryşlaryna gatnaşmaga mümkinçilikleri döretmeklige gönükdirilendir.

5. Orta hünär we ýokary hünär bilim edaralarynda "Häzirki zaman kompýuter tehnologiýalary" dersiniň okuw maksatnamasynyň sanly başarnyklaryň ösdürilmegini hasaba almak bilen kämilleşdirilip durulmagy, talyplaryň sanly sowatlylygynyň derejesiniň ýokarlandyrylmagyna ýardam berýär.

6. Wajyp ugurlar boýunça hünärmenler işi bilen utgaşyklykda goşmaça bilim almaklary üçin onlaýn okuwlary ulanyp bolar. Bu hünär derejäni iş ýeriňden üznüksiz ýokarlandyrmaga we zähmet bazarynda bäsleşige ukyplylygy ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär.

Maglumatlar barada ylym ugry boýunça hünärmenleriň taýýarlygynyň kämilleşdirilmegi zähmet bazarynda işgärleriň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga hem-de kompýuter we maglumat hyzmatlary ulgamynda eksportyň ösmegini höweslendirmäge ýardam berer.

Aknabat Atabayeva
(Turkmenistan)

NEW TRENDS IN PROFESSIONAL TRAINING IN DATA SCIENCE

One of the promising areas for training competitive personnel and developing the skills of the future is the education in the field of data science, which arose in the convergence of various disciplines: computer science, mathematics, statistics, economics and business. A necessary aspect of the development of this area in our country is the education and advanced training of personnel.

To achieve this target, it is necessary to open appropriate fields of specialization at the country's universities; improve the qualifications of teachers; develop and implement digital educational platforms, including electronic textbooks; create laboratories at universities jointly with IT companies; increase the number of IT clubs, centers and specialized classes in schools; constantly improve the curriculum of the discipline Modern Computer Technologies; and organize additional education of specialists in off-work hours.

Акнабат Атабаева
(Туркменистан)

НОВЫЕ ТЕНДЕНЦИИ В ПОДГОТОВКЕ ПРОФЕССИОНАЛЬНЫХ КАДРОВ В ОБЛАСТИ НАУКИ О ДАННЫХ

Одним из перспективных направлений подготовки конкурентоспособных кадров и формирования навыков будущего является обучение в области науки о данных, возникшей на стыке различных дисциплин: информатики, математики, статистики, экономики и бизнеса. Необходимым аспектом развития данного направления в нашей стране является подготовка и повышение квалификации кадров.

Для решения этой задачи нужно открыть соответствующие направления подготовки в университетах страны; повысить квалификацию преподавателей; разработать и внедрить цифровые образовательные платформы, включая электронные учебники; создать в вузах лаборатории совместно с IT компаниями; увеличить количество IT-клубов, центров и специализированных классов в школах; постоянно совершенствовать учебную программу дисциплины Современные компьютерные технологии; организовывать дополнительное образование специалистов без отрыва от производства.

Oguljamal Geldymuhammedowa
(Türkmenistan)

TÜRKMENISTANYŇ BÜTINDÜNÝÄ SÖWDA GURAMASY BILEN HYZMATDAŞLYGY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda dünýä ykdysady giňişligine deň hukukly we özara bähbitli esaslarda goşulyşmak babatynda düýpli işler durmuşa geçirilýär. Türkmenistanyň geljekki ösüşiniň strategik ugurlaryny kesgitleýän resminamalarda, abraýly halkara guramalarynyň işine işjeň gatnaşmak wezipesi kesgitlenilýär. “Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda”, “Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda”, “Türkmenistanyň daşary ykdysady işini ösdürmegiň 2020–2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasynda” we “Türkmenistanyň 2021–2030-njy ýyllar üçin daşary söwda Strategiýasynda” ýurduň

daşary ykdysady gatnaşyklaryny maksatnamalaýyn ösdürmek üçin, abraýly halkara guramalar bilen hyzmatdaşlygy ösdürmäge gönükdirilen çäreler beýan edilýär we olar üstünlikli amal edilýär.

2020-nji ýylyň 22-nji iýulynda Türkmenistan Bütindünýä Söwda Guramasynyň synçy derejesine eýe bolan bolsa, 2022-nji ýylyň 23-nji fewralynda Şweýsariýa Konfederasiýasynyň Ženewa şäherinde Bütindünýä söwda guramasynyň Baş geňeşiniň nobatdaky 71-nji mejlisinde ýurdumyza bu gurama "goşulyşýan döwlet" (işjeň synçy) derejesini aldy. Şeýle hem, 2022-nji ýylyň 15-nji martynda Türkmenistan 2022–2028-nji ýyllar döwri üçin Birleşen Milletler Guramasynyň Halkara söwda hukugy boýunça komissiýasynyň agzalygyna saýlanyldy. Bu hem ýurdumyzda daşary ykdysady gatnaşyklaryň kämil ösdürilmegine uly üns berilýändigini aýdyňlygy bilen görkezýär.

Halkara guramalaryna agza bolmak we halkara şertnamalaryny tassyklamak ýurduň üstüne birnäçe halkara borçlaryny ýükleýär. Ýurduň öz üstüne halkara borçnamalaryny almagy bolsa, hereket edýän kanunçylygyny iş tejribesini ýurduň halkara borçnamalary bilen sazlaşdyrylmagyny, belli bir derejede maliýe çykdajylaryny, dolandyryş we iş usullarynyň üýtgedilmegini talap edýär. Şu talaplaryň bardygyna seretmezden, guramada agzalygyň ýurda berýän artykmaçlyklarynyň nazara alynmagy hem, Bütindünýä söwda guramasyna goşulmagyň maksadalaýyklygyny görkezýär.

Onuň aýdyň mysaly hökmünde, häzirki zaman dünýä söwdasynyň global häsiýete eýe bolup, Bütindünýä söwda guramasy tarapyndan dünýä söwdasynyň 97% kadalaşdyrylýandygyny bellemek hem ýeterlikdir. Gurama agzalyga kabul edilmek bilen, döwletler halkara söwdasynyň täze düzgünleriniň işlenilip taýýarlanylmagyna deňhukukly agza hökmünde gatnaşmaga hukuk alýarlar. Bu bolsa, agza döwletlere öz milli bähbitlerini goramaga we öňe sürmäge giň mümkinçilikleri berýär. Döwletiň gurama agza bolmagynda, onuň milli işewürliginiň, senagat taýdan ösüşiniň kämilligi has hem möhüm ähmiýete eýe bolýar.

Hormatly Prezidentimiziň durmuşa geçirýän ykdysady syýasatynyň binýadynda milli ykdysadyýetimiziň durnukly ösüşi gazanylýar. Türkmenistanyň eksport kuwwatyny artdyrmak we daşary söwda dolanyşygynyň deňagramly bolmagyny üpjün etmek häzirki döwrüň durmuş-ykdysady ösüşiniň möhüm ugry bolup durýar. Sebäbi, daşarky bazarlaryň islegleri ýurdumyzda döredilen we döredilýän önümçilik kuwwatlyklaryny doly derejelerde ulanmagyň, ýokary iş üpjünçiliginiň we durnukly ykdysady ösüşiň esasy girewi we şerti bolup durýar.

Oguljamal Geldimuhamedova
(Turkmenistan)

COOPERATION OF TURKMENISTAN WITH THE WORLD TRADE ORGANIZATION

The effective performance of a country's economy is closely related to the degree of its integration into the world economy. Under the leadership of the Esteemed President, thorough work is carried out in the field of integration into the world economic space on an equal and mutually beneficial basis. The documents outlining the strategic directions for the future development of Turkmenistan specify the targets of active participation in the work of reputable international organizations. As a consequence, with the admission of Turkmenistan to the World Trade Organization, our national commodity producers will have ample opportunities to carry to introduce in new markets their competitive products manufactured in the country on the basis of scientific and technical developments and the introduction of innovative technologies into production.

Огулджамал Гельдымухамедова
(Туркменистан)

СОТРУДНИЧЕСТВО ТУРКМЕНИСТАНА СО ВСЕМИРНОЙ ТОРГОВОЙ ОРГАНИЗАЦИЕЙ

Эффективное функционирование экономики страны тесно связано со степенью ее интеграции в мировую экономику. Под руководством Уважаемого Президента проводится основательная работа в области интеграции в мировое экономическое пространство на равноправной и взаимовыгодной основе. В документах, определяющих стратегические направления будущего развития Туркменистана, определена задача активного участия в работе авторитетных международных организаций. Как следствие, с принятием Туркменистана во Всемирную торговую организацию наши национальные товаропроизводители получат широкие возможности по выводу на новые рынки конкурентоспособной продукции, производимой в стране на основе научно-технических разработок и внедрения инновационных технологий в производство.

Orazberdi Ataýew
(Türkmenistan)

ADAM MAÝASY – DÖWLETIŇ WE JEMGYÝETIŇ ÖSÜŞINIŇ KEPILIDIR

Adam maýasy – häzirki zaman jemgyýetiniň we ykdysadyýetiniň durnukly ösüşini kesgitleýän esasy faktorlaryň biri bolup durýar. Adam maýasynyň ösüşiniň nazaryýeti ykdysadyýetiň dünýä, sebit, ýurt, makroykdysady we mikroykdysady derejede döwrebap ösüşiniň esasy nazaryýeti hökmünde ykrar edilýär. Adam maýasynyň nazaryýetiniň esasy taglymatlarynyň biri bolup, maglumat jemgyýetiniň şertlerinde adam maýasynyň milli baýlygyň iň möhüm düzüm birligi we onuň köpelmeginde kesgitleýji faktor bolmagydyr.

Nobel baýragynyň eýesi T.Şulss jemgyýetde öndürilen önümiň umumy böleginiň 3/4 böleginiň jemi bahasynyň adam maýasyna degişli etmek bilen, bu görkezijiniň XX asyrda 1/4 bölege deň bolandygyny belläp geçýär. Alym ABŞ-nyň ykdysadyýetiniň mysalynda, adam maýasyna goýlan maýa goýumlaryndan gelýän girdejiniň, fiziki maýa goýumlara goýlan maýa goýumlardan has netijelidigini subut etdi. Şunuň bilen baglylykda, adam maýasyny ösdürmek maksady bilen, maýa goýumlary ilkinji nobatda ylma, bilime we saglygy goraýşa gönükdirmegiň möhümdigi babatynda netije çykarmak bolar.

Ýurdumyzyň geljekki ösüşiniň strategik ugurlaryny kesgitleýän “Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda” kesgitlenen esasy maksatlaryň birisi hem, adam maýasyny ösdürmek, raýatlaryň ýaşaýyş-durmuş derejesini, durmuş goraglylygyny we iş üpjünçiligini mundan beýläk-de ýokarlandyrmak bolup durýar. Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda adam maýasynyň ösüşine gönükdirilen maýa goýumlaryň artdyrylmagy ykdysady ösüşiň has wajyp we ähmiýetli ugurlarynyň biri hökmünde ykrar edilýär.

Adam maýasy innowasion ykdysadyýetiň ösüşini kesgitleýän esasy güýç bolup, onda ylma we bilime aýratyn ähmiýet berilýär. Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň çykdajylary adam maýasynyň hilini ýokarlandyrmaga we durmuş transferleri maliýeleşdirmäge gönükdirilýär. Döwlet býujetiniň çykdajylarynyň maliýeleşdirilmegi maksatnamalaýyn esasda amala aşyrylýar. Onuň 76%-inden gowragy durmuş ulgamyny maliýeleşdirmäge gönükdirilýär.

Adam maýasynyň her bir şahsyýete, hojalyk subýektine we jemgyýete zerurlygyny nazara alyp, ony emele getirmäge hem-de döwrebap ösdürmäge uly üns berilýär. Türkmenistanda maýa goýum işini seljermek bilen, esasy serişdelere düýpli maýa goýumlary önümçilik we önümçilik däl maksatly ýaly iki bölege bölünýär. 2022-nji ýylda ýurdumyzda 36 160,2 mln. manat esasy serişdelere düýpli maýa goýumlara gönükdirilip, 2021-nji ýylyň görkezijisinden 14,2 % ýa-da 4 4871,1 mln. manat ýokarydyr. Şonuň 58,3%-i ýa-da 21 093,5 mln. manady önümçilik däl maksatly maýa goýumlardyr. 2021-nji ýylda bolsa, önümçilik däl maksatly maýa goýumlar, ýurt boýunça esasy serişdelere düýpli maýa goýumlaryň 53,7 %-ine ýa-da 17 016.3 mln. manada deňdir. Önümçilik däl maksatly maýa goýumlara ýaşaýyş jaý, jemagat hojalygy, medeni-durmuş we beýlekiler degişlidir.

Adam maýasynyň ykdysadyýetiň düzümininň esasy bir bölegini bolup durýandygyny ykrar etmek bilen, adam maýasyny ösdürmek, onuň intellektual derejesini ýokarlandyrmak ugrunda çäreleri geçirmek esasy strategik wezipeleriň biri hökmünde kesgitlenildi. Şunuň bilen baglylykda, maglumat-aragatnaşyk, şol sanda Internet ulgamynyň hyzmatlarynyň hiliniň we elýeterliliginiň ösen döwletleriň derejesine getirmek, adam maýasyny we onuň intellektual derejesini ösüşiň öňde goýlan maksatlaryna laýyk gelmegi ugrunda giň gerimli durmuşa geçirilýän işleriň we çäreleriň ýokary netijeliligine aýratyn ähmiýet berilýär.

Orazberdy Ataev
(Turkmenistan)

HUMAN CAPITAL IS A GUARANTEE OF THE DEVELOPMENT OF STATE AND SOCIETY

Human capital is one of the main factors determining the sustainable development of modern society and economy. The theory of human capital development is recognized as a fundamental concept of modern economic growth on global, regional, national, macroeconomic and microeconomic scales. Human capital is the major force determining the development of an innovative economy, where special importance is attached to science and education.

Considering the need of every individual, economic entity and society for human capital, special attention is paid to its formation and modern development. Taking into account the positive impact of human capital on the socio-economic development of the state, the National and Presidential Programs, which outline the strategic directions for the future development of the country, provide for a wide range of targets related to its development.

Оразберды Атаев
(Туркменистан)

ЧЕЛОВЕЧЕСКИЙ КАПИТАЛ – ГАРАНТИЯ РАЗВИТИЯ ГОСУДАРСТВА И ОБЩЕСТВА

Человеческий капитал является одним из основных факторов, определяющих устойчивое развитие современного общества и экономики. Теория развития человеческого капитала признана фундаментальной концепцией современного экономического роста на глобальном, региональном, национальном, макроэкономическом и микроэкономическом уровнях. Человеческий капитал является основной силой, определяющей развитие инновационной экономики, в которой особое значение придается науке и образованию.

Учитывая потребность каждого индивидуума, экономического субъекта и общества в человеческом капитале, его формированию и современному развитию уделяется особое внимание. Принимая во внимание положительное влияние человеческого капитала на социально-экономическое развитие государства, в Национальной и Президентской программах, определяющих стратегические направления будущего развития страны, предусмотрен широкий круг задач, связанных с его развитием.

Baýramdurdy Taýharow
(Türkmenistan)

YLMYŇ BANKLARYŇ IŞJEŇLIGINE TÄSIRI

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda geçirilýän Döwlet maslahatlarynda ähli ulgamlaryň, aýratynam, ykdysady ulgamyň işini döwrebaplaşdyrylmaklyga, ösdürmeklige we kämilleşdirmeklige aýratyn üns berilýär. Banklar ykdysady ulgamda esasy orun eýeleýärler. Şondan ugur alyp ösüşiň häzirki tapgyrynda, ykdysadyýetiň bazar gatnaşyklarynda banklaryň işiniň netijeliligini ýokarlandyrmak, ony ylmy esasda ýola goýmak, dünýäniň ösen döwletleriniň banklary, şeýle hem halkara maliýe guramalary bilen köpugurly hyzmatdaşlygy ýola goýmaklyga ünsi güýçlendirmek zerurdyr. Bu meseleleriň üstünlikli çözülmeginde aýratyn orun ylma degişlidir.

Bank ulgamynyň işini ylmy esasda ýola goýmaklyk üçin indiki meseleleriň üstünlikli çözülmegini gazanmaly:

1. Bank ugrundan hünärmenleri taýýarlaýan ýokary okuw mekdeplerinde okatmaklygyň iň öňdebaryjy usullaryny giňden ornaşdyrmak, okuw

meýilnamalaryny, maksatnamalaryny yzygiderli täzeläp durmak hem-de döwrüň talabyna laýyk getirmek.

2. Ykdysatçy hünärmenleri taýýarlaýan ýokary okuw mekdepleri bilen banklaryň işjeň hyzmatdaşlygyny ýola goýmak. Nazary bilim bilen banklaryň ýerine ýetirýän amaly işlerini utgaşykly alyp barmak.

3. "Bank işi" kafedralarynda ýerine ýetirilýän diplom işlerini, alymlyk dissertasiýalary we ylmy işleri banklaryň ýörite sargyt edýän temalary esasynda ýerine ýetirmekligi ýola goýmak. Ylmy barlaglaryň netijesinde gazanylan ylmy teklipleri bank ulgamynyň işine ornaşdyrmak we aýratyn ýokary netije beren teklipleriň awtorlaryny maddy taýdan höweslendirmek.

4. Bank ulgamynda zähmet çekýän ýokary taýýarlykly hünärmenleri ylma işjeň çekmek.

5. Ylmy temalar saýlanyp alnanda olaryň tejribe ähmiýetine aýratyn üns bermek. Banklarda innowasion tehnologiýalary, bank amallaryny sanlylaşdyrmak bilen bagly ylmy temalaryň üstünde köprak işlemek. Şeýlelikde, banklaryň işine ylmy taýdan çemeleşmek diňe bir banklaryň serişde binýadyny berkitmän, eýsem ýuridiki we fiziki şahslaryň bank amallaryna we hyzmatlaryna bolan isleglerini öz wagtynda, ýokary hilli kanagatlandyrmaga ähli amatlyklar dörär. Banklar öz müşderilerine bank amallarynyň we hyzmatlarynyň adaty bolmadyk (lizing, faktoring, forfeýting) we beýleki görnüşlerini hödürlärler. Bu öz gezeginde banklary düşewüntli dolandyrmaga, önümçilik kuwwatlyklarynyň doly güýjünde işlemegine, ahyrky netijede bolsa ýurduň durnukly ykdysady ösüşini üpjün etmäge ähli amatlyklary döreder.

6. Banklaryň işiniň ylmy esasda ýola goýulmagy bank amallary hem-de hyzmatlary bilen bagly töwekgelçiligi peselder we banklaryň maliýe taýdan sagdyn işlemegini üpjün eder. Müşderileriň banklara bolan ynamy ýokarlanar we ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ähli pudaklary bilen köpugurly işjeň hyzmatdaşlyk ýola goýlar.

7. Banklary dolandyrmaklygyň hukuk eýeçilik görnüşi bilen baglanyşykly temalaryň ylmy taýdan öwrenmekligine aýratyn üns bermek. Bu meselede dünýäniň ösen döwletleriniň tejribesini öwrenip, milli ösüş aýratynlyklarymyzy göz öňünde tutup bank önümçiligine giňden ornaşdyrmak. Şeýle oňyn çözgütleriň kabul edilmegi netijesinde ýurdumyzda hususy eýeçiligi ösdürmäge bolan mümkinçilik has hem ýokarlanýar.

Umuman, pikirimizi jemläp aýtsak, bank ulgamynyň işini ylma esaslanyp ýola goýulsa, ykdysady ösüşdäki orny has hem ýokarlanar, ýurtda kabul edilýän Maksatnamalar üstünlikli amala aşyrylar.

Bayramdurdy Tayharov
(Turkmenistan)

INFLUENCE OF SCIENCE ON BANKING ACTIVITY

The special attention is paid at the sessions of the State Councils, conducted under the leadership of the Esteemed President, to the modernization, development and improvement of the activities of all sectors, especially the economic sector. Banks take a central place in the economic system. Based on this, at the current stage of development, it is necessary to increase the effectiveness of banks in the market relations of the economy, to establish it on the scientific basis, to focus on establishing multifaceted cooperation with the banks of the developed countries of the world, as well as with international financial organizations. Special role in the successful solution of these issues belongs to science.

Байрамдурды Тайхаров
(Туркменистан)

ВЛИЯНИЕ НАУКИ НА БАНКОВСКУЮ АКТИВНОСТЬ

На Государственных советах, проводимых под руководством Уважаемого Президента, особое внимание уделяется модернизации, развитию и совершенствованию деятельности всех систем, особенно экономической. Банки занимают центральное место в экономической системе. Исходя из этого, на современном этапе развития необходимо повысить эффективность банков в условиях рыночных отношений экономики, утвердить ее на научной основе, усилить акцент на налаживании многопланового сотрудничества с банками развитыми странами мира, а также с международными финансовыми организациями. Особая роль в успешном решении этих задач отводится науке.

Gulmet Penaýew
(Türkmenistan)

SANLY YKDYSADYÝETIŇ ZÄHMET BAZARYNA TÄSIRI

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda amala aşyrylýan maksatnamalaýyn özgertmeleriň esasy maksady halkymyzyň durmuş-ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmaga gönükdirlendir. Durmuş syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolan ilatyň iş bilen üpjünçiliginiň derejesini ýokarlandyrmak,

zähmeti guramagy kämilleşdirmek, ilatyň durmuş üpjünçiligini durnukly ösdürmek we onuň ygtybarly maliýe esasyny emele getirmek babatda ähli şertler döredilýär.

Ilatyň iş bilen üpjünçiliginiň derejesini ýokarlandyrmak, öndüriji güýçleri netijeli peýdalanmak we ösdürmek boýunça çäreler maksatnamalaýyn esasda alnyp barylýar.

Türkmenistanda sanly ykdysadyýetiň ornaşdyrylmagy ähli pudaklaryň hünärmenlerinden ýokary ussatlygy we ylym-bilim kuwwatynyň yzygiderli ösdürilmegini, taýýarlykly hem-de döredijilikli pikir etmegi, ylmy-tehniki ösüşiň gazananlaryndan baş çykarmagy başarýan ýokary hünärli hünärmenleriň täze neslini terbiýeläp ýetişdirmegi talap edýär.

Sanly ykdysadyýetiň ornaşdyrylmagy we ösdürilmegi ýurtda uzakmöhletleýin ykdysady ösüşi we ýokary öndürijiligi gazanmaga ýardam berýän netijeli ulgamlaryň ornaşdyrylmagyna, esasy önümçilik-ykdysady işleriniň ähli görnüşleriniň awtomatlaşdyrylmagyna we merkezleşdirilen tertipde dolandyrylmagyna, önümçilik we sarp ediş bazarlarynyň ösdürilmegine, jemgyýetçilik hyzmatlarynyň hiliniň ýokarlanmagyna we ýokary tehnologiýaly pudaklarda täze döwrebap iş orunlarynyň döredilmegine, halkyň durmuş-ýaşaýyş şertleriniň özgerdilmeginde tehnologiýalar bilen bagly töwekgelçilikleriň peselmegini üpjün etmek bilen, Internet ulgamynyň mümkinçiliklerniň giňeldilmegine uly mümkinçilikleri açýar.

Häzirki wagtda ýurdumyzda hereket edýän başlangyç, orta hünär we ýokary okuw mekdepleriniň wezipesi zähmet bazaryny hünärmenler bilen üpjün etmek bolup durýar. Şeýle-de, milli bilim we ylym ulgamynyň halkara hyzmatdaşlygy barha ösdürilýär.

Sanly ykdysadyýetiň ösüşini we bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmagyň esasy şertleriniň biri hem, ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak bolup durýar. Sanly ykdysadyýet üçin işgärleri taýýarlamakda ileri tutulýan ugurlar şulardan ybarat:

– döwlet gullukçylarynyň we hususy bölegiň wekilleriniň sanly sowatlylygyny ýokarlandyrmak boýunça gaýtadan taýýarlamak maksatnamasyny amala aşyrmak;

– sanly tehnologiýany peýdalanmak arkaly uzak aralykdan maslahatlary we okuwlary guramak ýaly elektron hyzmatlary ýerine ýetirmegiň hasabyna sanly düzümi ösdürmek;

– sanly ykdysadyýetiň talaplaryny nazara almak bilen, dürli pudaklaryň işgärleri üçin hünärini ýokarlandyrmak ulgamyny ýola goýmak;

– sanly ykdysadyýet üçin hukukçylary taýýarlamak boýunça maksatnamalary işläp düzmek we amala aşyrmak.

Sanly ykdysadyýet zähmet bazaryna düýpli täsirini ýetirýär. Syýahatçylyk, telekommunikasiýa, çaphana hyzmatlary, bank ulgamy, bölek satuw söwda, ulaglar, adaty lukmançylyk, hyzmat ulgamlarynyň we başga-da birnäçe pudaklaryň

işleriniň häsiýeti üýtgeýär. Bu üýtgemeler iş orunlarynda käbir täze görnüşleriň döremegi sebäpli emele gelip, zähmete we iş bilen üpjünçilige öz täsirini ýetirýär. Uzak aralykdan işlemek usuly şular ýaly görnüşe degişlidir.

Zähmet bazarynda iş beriji bilen iş gözleýänleriň arasyndaky dessin gatnaşyklaryň ýola goýulmagyny gazanmak maksady bilen, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň "Türkmenistanyň ilatynyň iş bilen üpjünçiligi" atly täze sahypasy döredildi. Täze sahypanyň üsti bilen kärhanalar, edaralar we guramalar, hususy telekeçiler bar bolan boş iş orunlary, zerur bolan hünärmenler barada maglumatlary ýerleşdirmäge we iş gözleýänleriň dykgatyna ýetirmäge hem-de olaryň arasyndan özlerine laýyk gelýänlerini seçip almaga mümkinçilik alýarlar. Bu bolsa zähmet bazarynda mobilligi artdyrýar we ilatyň iş bilen üpjünçiligine oňyn täsir edýär.

Gulmet Penayev
(Turkmenistan)

THE IMPACT OF THE DIGITAL ECONOMY ON THE LABOR MARKET

Under the wise leadership of the Esteemed President, all conditions are being created to increase the level of employment of the population, improve the organization of labor, develop the population's livelihood in a stable manner, and create a reliable financial development basis for it. The introduction of the digital economy in Turkmenistan requires the constant development of high skills, scientific-educational capacity from specialists of all sectors, trained and creative thinking, and training of a new generation of highly qualified specialists who are able to take advantage of the achievements of scientific and technical development. Based on this, the priorities of adjusting the labor market and solving the problems of providing employment in the conditions of the implementation of the digital economy are being discussed on this article.

Гулмет Пенаев
(Туркменистан)

ВЛИЯНИЕ ЦИФРОВОЙ ЭКОНОМИКИ НА РЫНОК ТРУДА

Под мудрым руководством Уважаемого Президента создаются все условия для повышения уровня занятости населения, совершенствования организации труда, стабильного развития жизнеобеспечения населения, создания его надежной финансовой основы. Внедрение цифровой экономики в Туркменистане требует постоянного развития высоких навыков и научно-образовательного потенциала специалистов всех отраслей с творческим мышлением, подготовки нового поколения высококвалифицированных специалистов, способных пользоваться достижениями науки и техники. Руководствуясь этим нужно отметить, что в данной работе обсуждаются приоритеты регулирования рынка труда и решения проблем обеспечения занятости населения в условиях реализации цифровой экономики.

Bahar Annagurbanowa
(Türkmenistan)

MALIÝE AKYMLARYNY DOLANDYRMAGYŇ MEHANIZMI

Türkmenistanda logistika ylmynyň we tejribesiniň eýýäm ýeterlik ösüş döwrüne ýetendigine garamazdan, maliýe logistikasy iň az öwrenilen ugur bolup galýar. Şol bir wagtyň özünde, çykdajylary azaltmak üçin möhüm ätiýaçlyklar diňe bir “Üpjünçilik”, “Önümçilik”, “Paýlama” maddy akym funksiýalarynda däl, eýsem logistika ulgamynyň maliýe infrastrukturasy hökmünde kärhananyň maliýe bazary subýektleri bilen gatnaşygynda-da bar. Häzirki wagtda maliýe logistikasynyň ýagdaýy aşakdaky düzgünler bilen häsiýetlendirilýär:

1. Maliýe akymy diňe “ýoldaş” akym hasaplanýar. “Ýoldaş” adalgasy belli bir peslik, ikinji derejeli ähmiýete eýe. Biziň pikirimizçe, maddy, maliýe we maglumat akymlarynyň deň bolan üçburç akymy ýagdaýynda dolandyrmak has ýerliklidir.

2. Awtorlaryň köpüsiniň işlerinde maliýe logistikasy bilen maliýe menejmenti tapawutlandyrylmaýar. Şeýle-de, daşary ýurtly alymlaryň käbir işlerinde bank karzy bank logistikasynyň predmeti bolup durýandygy giňden bellidir. Biziň pikirimizçe, giň manyda maliýe menejmentini kärhananyň maliýe ýagdaýyny dolandyrmak ulgamy hökmünde düşündirilip bilner we maliýe logistikasy maliýe akymlarynyň netijeliligini ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýän guraldyr.

3. Maliýe logistikasy seljerme obýekti üçin hereket edýän görnüş hökmünde ykrar edilýär.



1-nji surat. Maliýe logistikasyna esaslanýan üpjünçilik toruny emele getirmegiň algoritmi

Şertli aňladylyşy: GAR – goşa ammar resminamasy, AB – ammar bölümi; GBK – gymmat bahaly kagyz

Maliýe logistikasynyň obýektine maddy akymlar bilen ýakyndan bagly logistika aýlawynda bar bolan maliýe akymlary hökmünde düşünmek bolar. Maddy akymlar bilen aýrylmaz baglanyşyk, maliýe akymyny maliýe logistika gurşawynyň degişli etmegiň ölçegi bolup durýar. Maliýe logistikasynyň täsiri üç ugurda emele gelýär:

– maliýe çeşmelerini çekmek üçin geleşik çykdajylarynyň azalmagy;

– logistika aýlawynyň azalmagy;

– dolanyşyk serişdeleriniň goýberilmegi.

Ykdysady häsiýeti boýunça ammar resminamalary maddy akymyny maliýe akymyna hem-de tersine öwürmek üçin innowasion guraldyr. Teklip edilýän üpjünçilik ulgamynda maýa iki zynjyr boýunça bir wagtda çaltlaşýar: “Dik” zynjyryň çäginde – maddy akymlarynyň hereketi (13) “keseligine” zynjyryň çäginde maliýe akymlarynyň hereketi bilen çaltlaşýar (11, 12 we 15 baglanyşyklar). Bu tizlenme, satuwyň mukdaryny ýokarlandyrmakdan we netijede kärhananyň peýdasyndan ybarat oňyn sinergiýa täsiriniň döremegine getirýär.

Şeýlelikde, ylmy we amaly ähmiýet, kärhanalaryň ýolbaşçylaryna çykdajylary azaltmak we maýa dolanyşygyny çaltlaşdyrmak ugrunda maliýe akymyny dolandyrmagyň hilini ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär.

Bahar Annagurbanova
(Turkmenistan)

FINANCIAL FLOW MANAGEMENT MECHANISM

The work reveals the features of financial logistics, which shows the potential for cost reduction, which has not only the functionality of material flows “Supply”, “Production”, “Sales”, but is also as part of a combination with the subjects of the financial market of the enterprise as a logistics system of financial infrastructure.

The author has proposed an algorithm for forming a supply network based on financial logistics, due to which it will improve the quality of financial flow management in terms of reducing costs and accelerating capital turnover.

Бахар Аннагурбанова
(Туркменистан)

МЕХАНИЗМ УПРАВЛЕНИЯ ФИНАНСОВЫМИ ПОТОКАМИ

В работе раскрыты особенности финансовой логистики, который показывает потенциал снижения затрат, имеющий не только функционалы материальных потоков “Снабжение”, “Производство”, “Сбыт”, но и в сочетании с субъектами финансового рынка предприятия как логистической системы финансовой инфраструктуры.

Автором предложен алгоритм формирования сети поставок на основе финансовой логистики, в результате выполнения которой повысится качество управления финансовыми потоками в направлении сокращения затрат и ускорения оборота капитала.

Handurdy Handurdyýew
(Türkmenistan)

GALYNDYSYZ YKDYSADYÝET TAGLYMATYNY DURMUŞA ORNAŞDYRMAGYŇ ÄHMIÝETI

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän “Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda” Durnukly ösüş maksatlarynyň ýurdumyzda amal edilmegine gönükdirilen wezipeler giňişleýin beýan edilýär. Şu wezipeleriň birisi hem, ýurdumyzyň ykdysady ösüşiniň

möhüm ugurlarynyň biri bolan tebigy serişdelerden rejeli peýdalanyp, önümçiligiň täze, galyndysyz görnüşine geçmek bolup durýar.

Milli Maksatnama ýurdumyzyň ösüşiniň ýaşyl ugruny, serişdeleriň galyndysyz peýdalanylmagyny ýokary derejede ulanmagy göz öňünde tutýan güýçli durnuklylyk modeline esaslanýar. Ony amal etmek üçin, ilkinji nobatda "Serişdeleriň galyndysyz peýdalanylmagy" işewürlik modelini işjeň ornaşdyrmak we peýdalanmak zerurdyr. Şu model serişde üpjünçiliginiň zyýansyz maddy aýlanyşygyna, önümçilik işlerini amatly etmegiň, önümçilige tehnologik we durmuş innowasiýalaryny ornaşdyrmagyň esasynda çig mal hem-de ýangyç-energetika serişdeleriniň ähli görnüşleriniň sarp edilişini azaltmaga gönükdirilendir.

Galyndysyz ykdysadyýetiň esasy häsiýetli aýratynlyklary galyndylaryň dolandyryş ulgamynyň düýpgöter üýtgedilmeginden, olaryň emele gelşini azaltmaga gönükdirilendiginden, galyndylary hojalyk dolanyşygynda gaýtadan doly ulanmakdan, şeýle hem gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerini giňden peýdalanmakdan ybaratdyr.

Galyndysyz ykdysadyýet taglymaty ykdysady işjeňligi serişdeleri gaýtadan dikeltmek we durmuş-ekologik-ykdysady ulgamy berkitmek ýörelgelerinde gurmaklyga esaslanýar. Bu bolsa, öý hojalyklaryndan başlap, kiçi we orta kärhanalaryň, şeýle hem, bütin ykdysadyýetiň netijeliligini üpjün etmäge kömek edýär. Galyndysyz ykdysadyýetiň ornaşdyrylmagy daş-töwerege ýetirilýän ýaramaz täsiri azaltmaga, gymmaty emele getirmegiň ulgamyny kämilleşdirmäge ýardam bermek bilen çäklenmän, eýsem hojalygy dolandyrmagyň ähli mehanizmlerine hem täze ykdysady mümkinçilikleri döretmegiň hem-de onuň binýadynda ekologik we durmuş bähbitlerini üpjün etmegiň uzakmöhletleýin esaslaryny emele getirmäge ýardam berýär.

Ýurduň durmuş-ykdysady giňişligine galyndysyz ykdysadyýeti ornaşdyrmak taglymaty ylmy-barlag işlerine we täzeçilliklere daýanmak bilen, önümçiligi, dolandyryşy hem-de serişdeleri gaýtadan işlemegiň täzeçil çemeleşmelerini gurşap almalydyr. Häzirki wagtda, galyndysyz ykdysadyýeti durmuşa ornaşdyrmagyň öňdebaryjy dünýä tejribesini seljermek arkaly, anyk ylmy garaýşa we ýörelgelere esaslanýan birnäçe taglymatyň hereket edýändigini bellemek bolar. Mysal üçin, "Galyndylaryň gaýtadan döredijilikli işlenilmegi", "Ýaşyl ykdysadyýet", "Galyndysyz ykdysadyýet", "Galyndysyz önümçiligiň ykdysadyýeti". Türkmenistanda durmuşa geçirilýän döwlet syýasatynda "Ýaşyl ykdysadyýeti" durmuşa ornaşdyrmaga aýratyn ähmiýet berilýändigini bellemek bolar.

Galyndysyz ykdysadyýetiň tebigatda bolup geçýän hadysalary dolulygyna gaýtalamaga ymtylmagydyr. Ýagny adam eli bilen öndürilen we peýdalanylan her bir önümiň, ýaramlylyk möhleti tamamlanandan soňra, onuň tebigata zyýan

bermezden täzeden işlenilmegini nazara almagy bolup durýar. Esasy maksat bolup, harydyň ýa-da hyzmatyň durmuş zynjyrynyň her bir tapgyrynda onuň iň netijeli usulda peýdalanylmagyny üpjün etmek çykyş edýär. Galyndysyz ykdysadyýet gaýtadan paýlanyş ulgamyna gönümel täsir edýär, şunda galyndy serişdeler ileri tutulýar.

Şeýlelikde, galyndysyz ykdysadyýet galyndylary gaýtadan işlemek arkaly, olary täzeden önümçilige gönükdirilmegini hem-de olary önümçiligiň dürli-dürli tapgyrlarynda ulanylmagyny beýan edýär. Hormatly Prezidentimiziň milli senagaty döwrebaplaşdyrmak babatynda durmuşa geçirýän döwlet syýasatynyň binýadynda galyndysyz ykdysadyýeti durmuşa ornaşdyrmak mümkindir, onuň üçin bolsa Milli Maksatnamada kesgitlenilişi ýaly, "Serişdeleriň galyndysyz peýdalanylmagy" işewürlik modelini işjeň ornaşdyrmak zerurdyr.

Handurdy Handurdyev
(Turkmenistan)

IMPORTANCE OF IMPLEMENTING THE CONCEPT OF CIRCULAR ECONOMY

The concept of a circular economy is based on the principles of renovating the resources of economic activity and strengthening the socio-ecological-economic system. This enhances the efficiency of households, small and medium-sized businesses, and the entire economy. The transition to a circular economy contributes to both reducing the negative impact on the environment and improving the values formation system, as well as to developing long-term foundations for providing environmental and social benefits based on the creation of new economic opportunities for all economic management mechanisms.

Хандурды Хандурдыев
(Туркменистан)

ВАЖНОСТЬ ВНЕДРЕНИЯ КОНЦЕПЦИИ ЦИРКУЛЯРНОЙ ЭКОНОМИКИ

Концепция циркулярной экономики основана на принципах возобновления ресурсов экономической деятельности и укрепления социально-эколого-экономической системы. Это способствует обеспечению эффективности домохозяйств, малого и среднего бизнеса, а также всей экономики.

Внедрение циркулярной экономики способствует не только снижению негативного воздействия на окружающую среду, совершенствованию системы формирования стоимости, но и разработке долгосрочных основ обеспечения экологических и социальных выгод на базе создания новых экономических возможностей для всех механизмов управления экономикой.

Aknur Koçumowa, Çemen Kakalyýewa
(Türkmenistan)

ÄTIÝAÇLANDYRYŞ IŞINI ÖSDÜRMEGIŇ DÜNÝÄ TEJRIBESI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary netijesinde ýurdumyzyň ykdysadyýetinde uly öňegidişlikler gazanylýar. Gahryman Arkadagymyz: “Häzirki wagtda özüniň milli ykdysadyýetiniň ähli ugurlary boýunça gazanylýan belent ösüş depginleri bilen Türkmenistan Watanymyz dünýäniň ösen döwletleriniň arasynda mynasyp orny eýeleýär” diýip belleýär.

Ýurdumyzda ykdysady howpsuzlygy pugtalandyrmak we döwletiň dünýä ykdysady ulgamyna sazlaşykly goşulmagyny gazanmak maksady bilen “Türkmenistany durmuş – ykdysady taýdan ösdürmegiň 2022–2052-nji ýyllar üçin Milli maksatnamasy” kabul edildi we ol häzirki wagtda üstünlikli durmuşa geçirilýär.

Ätiýaçlandyryşyň dolandyryşy – bu ätiýaçlandyryş amallaryny guramak, öz-özüňi guramak, kompaniýanyň işgärleriniň hil düzümi, kompaniýany dolandyrmagyň usullary, durnuksyz bazar şertlerinde dolandyryş bolup durýar.

Tejribäniň tassyklaýşy ýaly, dürli funksiýalaryň ösmegi üçin şert döredýän amatly guramaçylyk dolandyryş gurluşlary bar bolsa, ýokary kompaniýalaryň netijeliligine ýetip bolar. Olary ösdürenimizde ulgam talaplaryny, gurluş bölümleri bilen dolandyryşyň ýapyk aýlawlarynyň arasyndaky baglanyşygy azaltmak göz öňünde tutulýar.

Häzirki wagtda sanly özgerişlik ykdysady ösüşi kesgitleýän iň möhüm ugurlaryň biri bolup durýar. Internetiň aralaşmagy we dinamiki iş gurşawy, konserwatiw ätiýaçlandyryş pudagyna sanly ykdysadyýete uýgunlaşmak üçin mümkinçilikleri hödürleýär.

Ätiýaçlandyryş pudagy işewürligiň iň bäsdeş görnüşleriniň biridir. Tehnologiýa ätiýaçlandyryş pudagynyň ösüşiniň açarydyr. Bu diňe bir pudaga gymmatlyk goşman, eýsem belli bir derejede üýtgeýän döwre we talaplara laýyklykda geljegini

kesgitleýär. Oýlap tapyşlar we tehnologiýalar, ýazuw kararlaryna täsir edýär we iş amallaryny tertipleşdirmäge kömek edýär. Ykjam enjamlaryň, internetiň, GPS we beýleki tehniki goşundylaryň ulanylmagy köp tarapdan möhüm orna berýär. Bu kompaniýalara diňe bir bazar gözlegleri, bazaryň aralaşmagy, telekeçiligi hem-de bazary ösdürmek bilen çäklenmän, müşderiniň kanagatlanmagyna düşünmek arkaly satuwdan soňky hyzmaty hem berdi.

Innowasiýa, täze tehnologiýalary ornaşdyrmak we implementasiýa maliýe pudagynda üýtgemeleriň möhüm hereketlendirijisidir. Täze tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy netijeliligiň ýokarlanmagyna getirer, ýöne bu üýtgemeler başda näbellilik we şübhe döredip biler. Bu täzelik täze tehnologiýalary ösdürmek üçin başlandy we bu hadysa FinTech hökmünde häsiýetlendirildi. Maddy däl önümler bilen iş salyşýan maliýe hyzmatlary, tehnologik innowasiýa amal çykdajylaryny azaldýar we hyzmatlary çaltlaşdyrýar. Soňky döwürde internet birikmeleriniň, öý kompýuterleriniň hem-de ykjam enjamlaryň köpelmegi we amaly goşundylar ýaly tehnologiýalaryň ýaýramagy tehnologiýanyň ätiýaçlandyryş pudagyna täsirini artdyrdy. Täze tehnologiýa hyzmatlary bermegiň täze usulyna has köp maglumat ýygnamak mümkinçiligine alyp barar.

Aknur Kochumova, Chemen Kakalyeva
(Turkmenistan)

WORLD PRACTICE OF INSURANCE BUSINESS DEVELOPMENT

The National Programme of the Socio-Economic Development of Turkmenistan for 2022–2052 has been adopted and is currently successfully implemented to strengthen the economic security of the country and achieve a harmonious integration of the state into the world economic system.

Insurance management is the organization of insurance operations, self-organization, the qualitative composition of the company's personnel, methods of managing the company, management in unstable market conditions.

Акнур Кочумова, Чемен Какалыева
(Туркменистан)

МИРОВАЯ ПРАКТИКА РАЗВИТИЯ СТРАХОВОГО БИЗНЕСА

В целях укрепления экономической безопасности страны, достижения гармоничной интеграции государства в мировую экономическую систему принята Национальная программа социально-экономического развития Туркменистана на 2022–2052 годы, которая в настоящее время успешно реализуется.

Страховой менеджмент – это организация страховых операций, самоорганизация, качество сотрудников компании, методы управления компанией, менеджмент в нестабильных рыночных условиях.

Şemşat Saparowa
(Türkmenistan)

TÄZE YKDYSADY ŞERTLERDE KÄRHANALARYŇ MALIÝE BAZARLARYNA MAÝA GOÝUMLARY

2014-nji ýylda Türkmenistanyň “Gymmatly kagyzlar bazary barada” Kanuny kabul edildi. Şol kanuna laýyklykda, Türkmenistanda gymmatly kagyzlaryň çykarylmagy we dolanyşygy wagtynda bazara gatnaşyjylaryň arasynda ýüze çykýan gatnaşyklaryň düzgünleşdirilmegi hem-de onuň netijeli işlemegi üpjün edilýär. Ösüşiň esasy maksady gymmatly kagyzlar bazaryna maýa goýumlary çekmegiň kapitalyň bir ýerde jemlenmegini we ykdysady pudaklar bilen işewür guramalaryň arasynda paýlanyşynyň täsirli usulyny döretmekden ybaratdyr.

Ýokarda agzalan kanunyň esasynda, maliýe bazarlaryny guramak ulgamy kärhanalara öz maýa goýum maksatnamalaryny durmuşa geçirmek we belli bir maýa goýum maksatlaryna ýetmek üçin çäksiz mümkinçilikleri açýar. Kärhanalar üçin dürli ugurlara ýagny maýa goýum bukjasyny döretmek arkaly maýa goýmaklyk iň girdejili bolup durýar. Bu kärhana üçin maliýe galkanynyň bir görnüşini döretmäge mümkinçilik berýär, sebäbi, adatça, maýa goýumlar kärhananyň esasy işleri bilen baglanyşykly bolmadyk ugurlara gönükdirilýär. Maýa goýumlar kärhananyň özünde amatsyz şertler ýüze çykan halatynda-da girdeji getirmegi dowam etdirer, bu bolsa öz gezeginde ownuk ýitgiler bilen öwrülişigiň kyn döwürlerini başdan geçirmäge mümkinçilik berer.

Maýa goýum bukjasynyň kärhanada dolandyrmagyň usuly hem möhüm ähmiýete eýedir. Häzirki ykdysady ýagdaýdaky iň täsirli dolandyryş usuly işjeň

dolandyryşdyr. Işjeň dolandyryjy geljegi uly bolan gymmatly kagyzlara gözegçilik edýär. Çykdajylary, girdejiligini deňeşdirip, pes girdejili bolan aktiwlerden çalt dynýar, töwekgelçilik we bar bolan bukjanyň meňzeş aýratynlyklary bilen täzelenen bukjanyň beýleki maýa goýum aýratynlyklaryny deňeşdirilip, maýa goýum hilini ýokarlandyrýar. Mundan başga-da, dolandyryjylar maliýe bazarlarynyň netijeliligi şerti bilen hereket edýärler.

Aktiw bukjany dolandyrmagyň esasy birnäçe görnüşde amala aşyrylyp bilinjek bukjanyň emele gelmegi üçin kabul edilýän gymmatly kagyzlary saýlamakdyr. Işjeň dolandyryja, bar bolan gymmatly kagyzlaryň garaşylýan girdejisini, standart gyşarmagyny we amatlylygyny çaklamak tabşyrylýar. Bu çaklamalara esaslanyp, biperwaý egrileriň guruljak netijeli toplumy kesgitlenýär. “Netijeli toplum” düşünjesi, ölçeg tekizligindäki nokatlar toplumy bilen geometrik şekillendirilen kabul ederlikli bukjanyň ähli bahalandyrmalary bilen baglanyşyklydyr. Maýa goýujy bukjalary saýlanda, diňe girdejiligine we töwekgelçiligine baha bermekden girdeji alýandygy sebäpli, toplum öz saýlamagynyň netijeliligini görkezýär. Kärhananyň halkara gymmatly kagyzlar bazaryndaky paýnamalary satyn almagy, öz önümleri üçin täze bazar tapmakda goşmaça artykmaçlyklary berip biler. Paýnamalary satyn almak bilen, kompaniýa daşary ýurtda belli bolan emitentiniň işjeň paýdary bolýar. Şeýlelik bilen, önümler bilen üpjün etmek üçin şertnamalar baglaşylanda kärhanalar özboluşly ykrar baýraklaryny alýarlar, sebäbi indi kuwwatyny alyjylara satyjy ýa-da üpjün ediji hökmünde başarnyklaryny we ukyplylygyny subut etmek zerurlygy ýok.

Kärhananyň haýsy paýnamalara maýa goýandygyna baglylykda dürli artykmaçlyklar barada aýdyp bolýar. Artykmaçlykly paýnamalara (baýraklara hukuk berýän) goýulýan maýa goýumlar emitentiň dolandyrylyşyna gatnaşmaga hukuk bermeýär, ýöne kepillendirilen durnukly girdeji almaga mümkinçilik berýär. Mundan başga-da, ilki bilen ileri tutulýan paýnamalaryň eýelerine paý peýdasy tölenýär. Bu ýerde ýeke-täk kemçilik, paýnamalaryň eýesi tarapyndan kärhananyň razylygy bolmazdan şeýle paýnamalaryň satyn alynmagydyr. Adaty paýnamalar, tersine, dolandyryşa gatnaşmaga mümkinçilik berýär. Belli bir pudakda bäsdeşligi azaltmaga gönükdirilen kärhana maýa goýum strategiýasy mümkindir. Bäsdeşlikde uly paýnamanyň satyn alynmagy we bäsdeş çynlakaý bolsa, gymmatly kagyzlar bazarynda bolmagy kepillendiriler. Bäsdeş kärhanany dolandyrmaklyga gatnaşmaga önümçilik syýasatyna täsir etmek bilen mümkinçilik we hukuk berýär. Geljekde gözegçilik paýyna eýe bolmak we önümçilik desgalaryny goşmak bilen bäsdeşi özüne çekmek mümkin bolýar. Şeýle ýörelge başa barmasa, maýa goýujy kärhana ýitgiler bilen galmaýar. Bäsdeşiň artýan girdejisi umumy paýdar hökmünde maýa goýujynyň girdejisini gös-göni ýokarlandyrýar. Şeýlelik bilen, maliýe bazarlarynda

kärhanalaryň maýa goýum pudagyny ösdürmekligiň geljegi uly we ileri tutulýan meseleleriň birine öwrülýär. Häzirki wagtda maliýe bazarynyň köp pudaklarynda kärhanalaryň maýa goýum işleri birneme ýönekeý we girdejili boldy. Maýa goýumlary gaty gymmat, ýöne olaryň mundan beýläkki ösüşi biziň ýurdumyzda şeýle maýa goýumlaryny iň girdejili eder.

Shemshat Saparova
(Turkmenistan)

INVESTMENTS IN THE FINANCIAL MARKETS OF ENTERPRISES IN THE NEW ECONOMIC CONDITIONS

In 2014, the Law of Turkmenistan "On Securities Market" was adopted. In accordance with that law, the relationship between market participants during the issuance and circulation of securities in Turkmenistan is regulated and its effective functioning is ensured. The main goal of the development is to create an efficient method of attracting investment in the securities market, capital concentration and distribution among economic sectors and business organizations.

Based on the above-mentioned law, the system of organizing financial markets opens unlimited opportunities for enterprises to implement their investment programs and achieve certain investment goals. It is most profitable for businesses to invest in different areas, that is, to create an investment portfolio.

This type allows you to create a kind of financial shield for the enterprise, because usually investments are directed to areas that are not related to the core business of the enterprise. Investments will continue to generate profits even in the face of unfavorable conditions within the enterprise, which in turn will allow it to survive difficult periods of transformation with small losses.

The way a company manages its investment portfolio is also important.

Шемшат Сапарова
(Туркменистан)

ИНВЕСТИЦИИ НА ФИНАНСОВЫХ РЫНКАХ ПРЕДПРИЯТИЙ В НОВЫХ ЭКОНОМИЧЕСКИХ УСЛОВИЯХ

В 2014 году был принят Закон Туркменистана “О рынке ценных бумаг”. В соответствии с этим законом регулируются отношения между участниками рынка при выпуске и обращении ценных бумаг в Туркменистане и обеспечивается его эффективное функционирование. Основная цель

разработки – создание эффективного метода привлечения инвестиций на рынок ценных бумаг, концентрации и распределения капитала между отраслями экономики и бизнес-организациями.

На основании вышеупомянутого закона система организации финансовых рынков открывает неограниченные возможности предприятиям для реализации своих инвестиционных программ и достижения определенных инвестиционных целей. Бизнесу выгоднее всего инвестировать в разные сферы, то есть создавать инвестиционный портфель.

Этот тип позволяет создать своего рода финансовый щит для предприятия, поскольку обычно инвестиции направляются в сферы, не связанные с основной деятельностью предприятия. Инвестиции продолжат приносить прибыль даже в условиях неблагоприятных условий внутри предприятия, что, в свою очередь, позволит ему пережить сложные периоды трансформации с небольшими потерями.

Также важно то, как компания управляет своим инвестиционным портфелем.

Jeren Hanaýewa, Selimberdi Hojaberdiýew
(Türkmenistan)

DÖWLET GULLUKÇYLARYNY TAÝÝARLAMAK ULGAMYNY KÄMILLEŞDIRMEK INNOWASION YKDYSADY ÖSÜŞIŇ KEPILIDIR

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň taýsyz tagallalary bilen döwlet gullugy, döwlet gullugyna çekiljek işgärleri taýýarlamak bilen bagly meselä aýratyn uly ähmiýet berilýär. Şol sanda bu mesele ýurduň innowasiýa esasly ykdysadyýetini dolandyrmakda, ýokary ykdysady netijeliligi gazanmakda hem aýratyn ähmiýetli hasaplanýar. Ýurtda şeýle iri möçberli maksatnamalaryň alnyp barylmagy döwlet işgärler ulgamynyň yzygiderli kämilleşdirilmegini talap edýär. Infrastruktura özgertmelerini goldamak bilen, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmäge ugur alynmagy, “ Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda”, “Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda” kesgitlenen maksatlaryň we wezipeleriň durmuşa geçirilmegi önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmak, maýa goýumlary oýlanyşykly peýdalanmak, şol sanda ykdysadyýetiň döwlete degişli däl pudaklaryna goldaw bermek üçin möhüm itergi boldy.

Soňky ýyllarda döwlet gullukçylaryny taýýarlamak ulgamyny kämilleşdirmegiň hukuk esaslaryny döwrebaplaşdyrmak bilen bagly netijeli işleriň durmuşa geçirilýändigi aýratyn bellärliklidir. Muňa mysal hökmünde "Döwlet gullugy hakynda" Türkmenistanyň Kanunyny, "Döwlet gullukçysynyň etikasy we gulluk özüni alyp barşy hakynda" Türkmenistanyň Kanunyny, "Türkmenistanyň Zähmet kodeksini", "Diplomatik gulluk hakynda" Türkmenistanyň Kanunyny görkezmek bolar. Şeýle-de 2008-nji ýylda Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň döredilmegi hem aýdylanlaryň subutnamasydyr. Häzirki şertlerde döwleti dolandyryş işini döwrüň talaplaryna laýyk guramak döwlet gullukçylaryndan ýokary hünär ussatlygyny, çuňňur bilimi we başarnygy, hemmetaraplaýyn taýýarlygy talap edýär.

Döwlet saýlanyp alnan innowasion ösüş nusgasyna garamazdan, ýurduň innowasiýa ýoly bilen öňe gitmeginiň esasy başyny başlaýjy, utgaşdyryjy hem-de ýardam ediji hökmünde çykyş edýär. Islendik döwletiň kadaly ykdysady ösüşi ýokary taýýarlykly, aýratyn ukyba we başarnyga eýe bolan hünärmenleriň täze nesliniň kemala gelmegi bilen baglydyr. Munuň özi bolsa, döwlet gullukçylaryny taýýarlamak ulgamyny kämilleşdirmegiň möhüm ähmiýetini şertlendirýär.

Innowasiýa işine berilýän döwlet goldawy bu işi güýçlendirmäge gönükdirilen syýasatyň gurallarynyň biri bolup hyzmat edýär. Şol goldawlar innowasiýa strategiýasynyň durmuşa geçirilişini üpjün edýän kadalaşdyryjy hukuk namalarynda öz beýanyny tapmak bilen, innowasiýalary döretmäge, olara gatnaşyjylary höweslendirmäge itergi berýär.

XXI asyr ylmyň, täze tehnologiýalaryň, adamzat aňynyň güýçli ösýän, halkara gatnaşyklarynyň has täze we netijeli görnüşlerine eýe bolýan asyrydyr. Sebit we halkara abraýy barha belende galýan ýurdumyzda durmuşyň ähli ugurlarynda täze sepgitlere ýetmekde döwrebap ösüş ýollarynyň saýlanyp alynmagyna aýratyn orun degişlidir.

Hut şu nukdaýnazardan hem, maksatlary, mazmuny we döwlet dolandyryş ulgamynda tutýan ornuna ser salanyňda döwlet gullukçylaryny taýýarlamagy kämilleşdirmek islendik döwletiň hem-de jemgyýetiň durmuşynda, işinde iň bir möhüm jemgyýetçilik-syýasy hadysa hökmünde çykyş edýär. Döwlet gullugy iş ýüzünde ähli ýerine ýetirijilik işini guraýar, jemgyýetde kabul edilen ölçegleri we kadalary durmuşa geçirýär, döwlet edaralarynyň (aýratynlykda olaryň her biriniň we olaryň jeminiň) tutuş ulgamynyň, şeýle hem döwletiň özüniň hereket etmegini üpjün edýän çäreleri görýär.

Döwlet gullukçylaryny taýýarlamak ulgamyny kämilleşdirmek syýasaty innowasiýa daýanýan ykdysady ösüşi gazanmagyň möhüm şertidir. Çünki innowasion ykdysadyýetiň ösüşini gazanmak üçin kämil adam kapitaly ýiti zerurlykdyr.

Jeren Hanayeva, Selimberdy Hojaberdiev
(Turkmenistan)

IMPROVING THE SYSTEM OF TRAINING CIVIL SERVANTS IS THE KEY TO INNOVATIVE DEVELOPMENT OF THE ECONOMY

The problems of improving the goals, content, as well as the personnel policy in view of its role in the state administration system, or rather the system of training civil servants, serve as one of the most important socio-political phenomena in the life and activity of any state and society. Implementation of effective activities in this area at the state level is the key to innovative development of the economy.

Джерен Ханаева, Селимберды Ходжабердыев
(Туркменистан)

СОВЕРШЕНСТВОВАНИЕ СИСТЕМЫ ПОДГОТОВКИ ГОСУДАРСТВЕННЫХ СЛУЖАЩИХ – ЗАЛОГ ИННОВАЦИОННОГО РАЗВИТИЯ ЭКОНОМИКИ

Проблемы совершенствования целей, содержания, а также кадровой политики с учетом ее роли в системе государственного управления, а точнее системы подготовки государственных служащих, выступают в качестве одного из важнейших общественно-политических явлений в жизни и деятельности любого государства и общества. Осуществление эффективной деятельности в этом направлении на государственном уровне является залогом инновационного развития экономики.

Çary Şallyýew
(Türkmenistan)

BIOYKDYSADYÝETDE ÖNÜMÇILIK INFRASTRUKTURASYNY ÖSDÜRMEGIŇ MÜMKINÇILIKLERI

Milli ykdysadyýetde “Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynyň”, “Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynyň”, “Türkmenistany

2024-nji ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasynyň” wezipelerini we BMG-niň Durnukly ösüş maksatlarynyň 9-njy maksadyny “Senagatlaşdyrma, Innowasiýalar we Infrastruktura” (Durnukly infrastrukturany döretmek, hemme zady öz içine alýan, durnukly senagatlaşdyrmaga we innowasiýalara ýardam bermek) üstünlikli ýerine ýetirmek maksady bilen täze tehnologiýalar giňden ulanylýar.

Ykdysady ösüşiň häzirki tapgyrynda tebigy çig maldan öndürilýän önümler, mysal üçin, benzin ýaly gazylyp alynýan (organiki) çig mallaryň ornuny tutýarlar. Şeýle-de olar diňe bir energetiki maksatlar üçin däl-de, lukmançylykda dürli materiallaryň düzüm bölegi hökmünde hem ulanylýar. Bu ugur daşky gurşawyň kadaly ýagdaýda saklanmagyny görkezýär we biologik serişdelere esaslanýan ykdysadyýete geçmegini ýa-da başgaça bioykdysadyýetiň ösüşini häsiýetlendirýär.

Bioykdysadyýet ekologiýanyň we ykdysadyýetiň baglanyşygyndaky bilimleriň bir ugry, ýagny tebigy baýlyklary ulanmakda adam bilen tebigatyň arasyndaky özara baglanyşygy öwrenýän eko-ykdysadyýet diýlip atlandyrylýar.

Bioykdysadyýet biotehnologiýanyň giňden ulanylmagyna esaslanýan, gymmatly önümler we energiýa serişdelerini öndürmek üçin biologik serişdelerden peýdalanýan ykdysadyýet hökmünde kesgitlenýär. Häzirki wagtda bioykdysadyýeti ösdürmek meselesi wajyp ugurlaryň biri hasaplanýar we onuň netijeliligini yzygiderli artdyrmak ylmy-barlaglaryň geçirilmegini talap edýär.

Döwrebap biotehnologiýanyň we “ýaşyl himiýanyň” ykdysadyýete ornaşdyrylmagy netijesinde saglygy goraýyşda, oba hojalyk we azyk senagatynda, bio-senagat we ykdysadyýetiň beýleki pudaklarynda netijelilik görkezijileriniň ýokarlandyrylmagy maksadalaýyk hasaplanýar.

Bioykdysadyýeti ösdürmegiň esasy faktorlary:

– ekologiýa meseleleriň öz wagtynda çözülmegi;

– ýangyç-energetikada we senagatyň beýleki pudaklarynda arzan çig mallara zerurlygyň ýokarlanmagy;

– oba hojalygyny we sebitleri durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň, ilatyň iş üpjünçiligini ýokarlandyrmagyň zerurlygy;

– bitewüleşme şertlerinde önümçiligiň bäsdeşlige ukyplylygyny üpjün etmek;

– häzirki zaman tehnologiýalary, aýratyn hem, “ýaşyl himiýa” we nanotehnologiýa esaslanýan biotehnologiýany ösdürmek;

– ykdysadyýetiň we jemgyýetiň durnukly ösüşi.

Bioykdysadyýeti ornaşdyrmagyň oňyn taraplary biotehnologiýalaryň adaty tehnologiýalar bilen deňeşdirilende daşky gurşawyň hapalanma howpuny azaldýandygy, ykdysady ösüşiň daşky gurşawa amatly täsir edýändigi bilen

baglanyşdyrylýar. Biotehnologiýa pudagynyň ösüşi we onuň oba hojalygyna, lukmançylyk, himiýa we energetika pudaklaryna edýän amatly täsiri bioykdysadyýetiň giň mümkinçiliklerini tassyklaýar. Önümçilik infrastrukturasynyň agrosenagat toplumynyň üznüksiz önümçiligindäki eýeleýän ornunyň, biotehnologiýalaryň ornaşdyrylyşynyň öwrenilmegi önümçilik pudaklarynyň infrastruktura obýektleriniň sanawyny kesgitlemek meselelerini öz içine alýar.

Şeýlelikde, biotehnologiýa esaslanýan dünýä ykdysadyýetiniň täze ugrunyň ösdürilmegi bu ugurdaky ylmy barlaglaryň geçirilmegi tejribede gazanylan netijeleri paýlaşmak üçin zerur şertleri üpjün edýär. Milli ykdysadyýetiň ähli ugurlaryna biodüzümleriň ornaşdyrylmagy, önümçilik infrastrukturasynyň ösdürilmegine, önümleriň bäsdeşlige ukyplylygynyň ýokarlandyrylmagyna giň mümkinçilikleri döreder.

Chary Shallyyev
(Turkmenistan)

OPPORTUNITIES FOR DEVELOPMENT OF INDUSTRIAL INFRASTRUCTURE IN THE BIOECONOMY

At the current stage of economic growth, products made from natural raw materials replace fossil (organic) raw materials such as gasoline. However, they are used not only for energetic purposes, but also as a component of various materials in medicine. This area refers to the preservation of the environment and the transition to an economy based on biological resources or otherwise characterizes the development of the bioeconomy.

The bioeconomy is defined as an economy based on the widespread use of biotechnology that uses renewable biological resources to produce valuable products and energy. Today, the issue of developing the bioeconomy is considered one of the most important areas, and continuous improvement of its effectiveness requires scientific and practical research.

The development of the biotechnology industry and its positive impact on the agricultural, medical, chemical and energy sectors confirm the vast potential of the bioeconomy. The study of the role of industrial infrastructure in the continuous production of the agro-industrial complex, the implementation of biotechnologies, includes the isuuses on determining the list of infrastructure objects of real sectors.

Чары Шаллыев
(Turkmenistan)

ВОЗМОЖНОСТИ РАЗВИТИЯ ПРОИЗВОДСТВЕННОЙ ИНФРАСТРУКТУРЫ В БИОЭКОНОМИКЕ

На современном этапе экономического роста продукция из природного сырья заменяет ископаемое (органическое) сырье, такое как бензин. Однако их используют не только в энергетических целях, но и в качестве компонента различных материалов в медицине. Это направление относится к сохранению окружающей среды и переходу к экономике, основанной на биологических ресурсах, или по другому характеризует развитие биоэкономики.

Биоэкономика определяется как экономика, основанная на широком использовании биотехнологий, использующих возобновляемые биологические ресурсы для производства ценных продуктов и энергии. Сегодня вопрос развития биоэкономики считается одним из важнейших направлений и постоянное повышение ее эффективности требует научных и практических исследований.

Развитие биотехнологической отрасли и ее положительное влияние на сельскохозяйственный, медицинский, химический и энергетический секторы подтверждают её огромный потенциал. Исследование роли производственной инфраструктуры в непрерывном производстве агропромышленного комплекса, реализации биотехнологий включает в себя проблемы определения перечня инфраструктурных объектов производственных отраслей.

Serdar Agaýew
(Türkmenistan)

ERKIN YKDYSADY ZOLAKLARY DÖRETMEGIŇ YKDYSADY BÄHBIDI

Erkin ykdysady zolaklar XX asyryň ikinji ýarymynda halkara ykdysady gatnaşyklaryň aýrylmaz bölegine öwrüldi. Sebäbi erkin ykdysady zolaklar halkara haryt dolanyşygynyň, maýa goýumlarynyň, ykdysady proseslerin üsti bilen ykdysady galkynyşa uly itergi berýär. Döwletler erkin ykdysady zolaklar aýratyn zolaklaryň we sebitleriň ykdysadyýetiniň ösmeginde möhüm gural bolup durýandygyny öz netijeleri bilen görkezýärler. Erkin ykdysady zolaklary ýurtlar belli bir maksady çözmek üçin ykdysady gural hökmünde seredýärler. Ösen döwletler bu zolaklaryň kömegi bilen içerki bazary haryt dolanyşygy bilen üpjün

etmegi maksat edinýän bolsa, ösüp gelýän döwletler daşary ýurt maýalaryny çekmegi, eksporta gönükdirilen önümçiligi ornaşdyryp gyzyl pul edinmegi, know-howlary we halkara standartlaryna laýyk gelýän tehnologiýalara we hünärli işçi güýjüne eýe bolmak isleýärler.

Bu maksatlara ýetmek üçin erkin ykdysady zolaklarda – salgyt ýeňillikleri, gümrük paçlarynyň alynmazlygy we önümçiligi her hili usulda höweslendirmek ýaly ykdysady gurallar ulanylýar.

Erkin ykdysady zolaklaryň görnüşleriniň köpdürlüligi we olaryň ýöriteleşdirilen ugry boýunça hem aýrybaşga bolmaklary hünärmenlerde zolaklaryň anyk näçe görnüşiniň bardygyny takyk aýtmaga mümkinçilik bermeýär. Käbir hünärmenler Erkin ykdysady zolaklaryň 25–30 görnüşi bar diýip hasap edýän bolsa, beýlekileri 10–15 ýa-da ondan hem az diýip hasap edýärler.

Dünýäniň ykdysady giňişliginde erkin ykdysady zolaklaryň 2000-e golaýy, şeýle hem 400-den köpräk erkin söwda zolaklary, şonçarak-da ylmy-senagat parklary, 300-den köpräk eksport-senagat zolaklary, 100 sany ýöriteleşdirilen (ekologik-ykdysady, offşor, syýahatçylyk we başgalar) zolaklar bardyr. Bu zolaklaryň hersiniň öz ugry we ýurduň ykdysadyýetiniň ösmegi üçin anyk goýlan wezipeleri bardyr.

Erkin ykdysady zolaklar, ilkinji nobatda ýerli telekeçiligi, ýagny hususy önümçiligi belli bir ýeňillikli şertleriň berilmegi bilen ösdürmek arkaly içerki bazarlarda ýerli önümleriň we hyzmatlaryň paýyny artdyrmaga, importyň ornuny tutýan harytlary ýurdumyzda öndürmäge, ýurduň eksportynyň görnüşini we möçberini artdyrmak arkaly bazar gatnaşyklary şertlerinde sebitde we dünýäde bäsdeşlige ukyply milli ykdysadyýeti döwrebap ösdürmäge doly mümkinçilik berýär.

Erkin ykdysady zolaklaryň kömegi bilen dünýä möçberinde şu aşakdaky meseleleri çözmek islegi bardyr: daşary söwda gatnaşyklaryny işeňňirleşdirmek; eksportyň möçberini artdyrmak; goşmaça iş ýerlerini döretmek; önüm öndüriji senagaty höweslendirmek; daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek; belli bir sebitleriň ykdysadyýetini ýokarlandyrmak; sebitara ýaşaýyş derejesini deňleşdirmek.

Erkin ykdysady zolaklaryň aglabasyny döredijileriň kesgitlän wezipelerini amala aşyrmaga oňyn ýardam berýändigini nazara almak bilen, dünýä ýurtlarynda bu ykdysady mehanizm uly islegden peýdalanylýar.

Serdar Agayev
(Turkmenistan)

ECONOMIC BENEFITS OF CREATING FREE ECONOMIC ZONES

Free zones became an integral part of international economic relations in the second half of the 20th century. This is due to the fact that free economic zones provide a great impetus to economic renovation through international trade, investment and economic processes. Based on their performance results, free economic zones have proven to be an important tool for the development of the economy of individual areas and regions. They are considered by countries as an economic tool to achieve a certain goal. If, with the help of these zones, developed countries aim to provide the domestic market with trade turnover, then developing countries seek to attract foreign capital, earn hard currency through the introduction of export-oriented production, acquire know-how and technologies that meet international standards, and qualified labor force.

Сердар Агаев
(Туркменистан)

ЭКОНОМИЧЕСКАЯ ВЫГОДА СОЗДАНИЯ СВОБОДНЫХ ЭКОНОМИЧЕСКИХ ЗОН

Свободные экономические зоны стали неотъемлемой частью международных экономических отношений во второй половине XX века. Это связано с тем, что свободные экономические зоны дают большой импульс экономическому возрождению посредством международной торговли, инвестиций и экономических процессов. На основе результатов своего функционирования свободные экономические зоны показали себя как важный инструмент развития экономики отдельных зон и регионов. Они рассматриваются странами как экономический инструмент для достижения определенной цели. Если с помощью этих зон развитые страны задаются целью обеспечить внутренний рынок товарооборотом, то развивающиеся страны стремятся привлечь иностранный капитал, заработать твердую валюту за счет внедрения экспортно-ориентированного производства, приобрести ноу-хау и технологии, соответствующие международным стандартам, и квалифицированную рабочую силу.

Orazmuhammet Aşyrow, Silap Aşyrow
(Türkmenistan)

DURNUKLY ÖSÜŞ MAKSATLARYNDA SANLY TEHNOLOGIÝALARYŇ ORNY

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzda Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmekde ägirt uly işler amala aşyrylýar.

Durnukly ösüş maksatlaryny gazanmak üçin möhüm ölçegleriň biri hem ykdysadyýetiň sanly ulgama geçirilmegi bolup durýar. Sanly tehnologiýalaryň peýdalanylmagy ykdysady ösüşe, maýa goýumlaryň artmagyna we olaryň netijeliligine ýardam edýär. Sanly ykdysadyýetiň ösdürilmegi uly halkara bazarlaryna çykmaga, halkara telekeçiligiň täze görnüşleriniň peýda bolmagyna mümkinçilik berýär. Şunuň bilen bilelikde sanlylaşdyrmak halkara söwdasynyň guralyşyny we gurluş düzümini üýtgetmek bilen, sanly görnüşde ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň paýyny ýokarlandyrýar. Şeýle hem bu Türkmenistan üçin onuň uzak möhletli durnuklylygyny üpjün etmek bilen, ykdysadyýeti özgertmeklikde mümkinçiliklerniň biri bolup durýar.

Ýurdumyzda sanly ulgamlary ornaşdyrmak "Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň konsepsiýasyna" we "Türkmenistanda 2021–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Döwlet maksatnamasyna" laýyklykda amala aşyrylýar. Resminamalarda dünýä standartlaryna laýyk gelýän döwrebap maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalaryny ulgamlaýyn ornaşdyrmagyň hasabyna milli ykdysadyýetiň bäsdeşige ukyplylygyny ýokarlandyrmak boýunça giň gerimli çäreler göz öňünde tutulýar.

Durnukly ösüş ykdysady, ekologiýa we durmuş jähetlerini hasaba almak bilen, häzirki zaman jemgyýetiniň özara baglanyşykly ulgamlarynyň wezipeleýin mümkinçiligini saklap galmak bilen baglydyr. Sanly tehnologiýalaryň peýdalanylmagy diňe bir ykdysady ösüş ulgamynda däl, eýsem ekologiýa we durmuş üpjünçiligi ulgamynda hem işiň netijeliliginiň ýokarlanmagyna ýardam edýär. Häzirki wagtda sanlylaşdyrmak wezipesine durmuş-ykdysady ösüşiň möhüm düzüm bölegi hökmünde seredilýär, şonuň çäklerinde jemgyýetde, telekeçilikde we döwletde täze sanly başarnyklar hem-de mümkinçilikler emele gelýär, şeýle hem zähmet öndürijiliginiň, bäsdeşige ukyplylygyň ýokarlanýandygy, täze iş ýerleriniň döredilýändigi bellenýär.

Häzirki wagtda DÖM bilen baglylykda, Türkmenistanyň ykdysady kuwwatynyň durmuşa geçirilişi ep-esli giňelýär, sanly ulgama geçilende pudaklaýyn ösüş mümkinçiligi işjeňleşýär, onuň möhüm ugurlary "Barha ilerleýän, hemme zady öz içine alýan we durnukly ykdysady ösüşe, doly we önümçilikde meşgul bolmaklyga we hemmeler üçin mynasyp işe ýardam bermek", "Durnukly

infrastrukturany döretmek, hemme zady öz içine alýan durnukly senagatlaşma we innowasiýalara ýardam bermek", "Sarp edişiň we önümçiligiň netijeli görnüşlerine geçirilmegini üpjün etmek", "Durnukly ösüşiň hatyrasyna global hyzmatdaşlygyň çäklerinde amala aşyryjy serişdeleri pugtalandyrmak we işleri tizleşdirmek" ýaly durnukly ösüş maksatlarynyň gazanylmagyna gönüden-göni täsir edýär.

Sanly platformarlar aralykdan işlemek üçin şertleri döredýär we adamlaryň ykjamlygyny ýokarlandyrýar, bu bolsa "Barha ilerleýän, hemme zady öz içine alýan, durnukly ykdysady ösüşe, doly we önümçilikde meşgul bolmaklyga we hemmeler üçin mynasyp işe ýardam bermek" we "Sarp edişiň we önümçiligiň netijeli görnüşlerine geçirilmegini üpjün etmek" babatynda durnukly ösüş maksatlaryna laýyk gelýär.

Kwant tehnologiýalarynyň netijeli peýdalanylmagy "Açlygy ýok etmek, azyk howpsuzlygyny üpjün etmek we iýmitlenmegi gowulandyrmak hem-de oba hojalygynyň durnukly ösüşine ýardam bermek", "Sagdyn durmuş ýörelgesini üpjün etmek we ähli ýaşdaky hemmeleriň abadançylygyna ýardam etmek", "Hemmeler üçin suw serişdeleriniň bolmagyny we rejeli peýdalanylmagyny üpjün etmek" we "Howanyň üýtgemegi we onuň netijeleri bilen göreşmek" ýaly durnukly ösüş maksatlarynyň gazanylmagyna ýardam eder.

Emeli aň ulgamynda öňegidişlik global sanly platformalaryň ösüşini şertlendirdi, bu bolsa "Şäherleriň we ilatly nokatlaryň açyklygyny, howpsuzlygyny, durmuşa ukyplylygyny we ekologiki durnuklylygyny üpjün etmek", "Durnukly ösüşiň hatyrasyna ummanlary, deňizleri we deňiz serişdelerini saklap galmak we rejeli ulanmak" ýaly durnukly ösüş maksatlaryny gazanmakda möhüm orun eýeleýär.

Şeýlelikde, sanly tehnologiýalaryň peýdalanylmagy durnukly ösüş ulgamynda ähli Maksatlaryň durmuşa geçirilmegine ol ýa-da beýleki derejede täsir edýär, netijede sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň işjeňleşdirilmegi DÖM bilen baglylykda durmuş-ykdysady ösüşiň bellenen maksatlaryny gazanmaga mümkinçilik berer.

Orazmuhammet Ashirov, Silap Ashirov
(Turkmenistan)

ROLE OF DIGITAL TECHNOLOGIES IN SUSTAINABLE DEVELOPMENT GOALS

Under the leadership of the Esteemed President, a huge amount of work is done in the country to implement the Sustainable Development Goals. An important criterion for achieving the SDGs is the digital transformation of the economy. The use of digital technologies contributes to economic growth, innovation and

efficiency. Digitalization is radically changing the organization and structure of international trade, increasing the share of services provided in digital form.

Currently, the realization of the economic potential of Turkmenistan in the context of the SDGs is significantly expanding, and the opportunities for industry development are activated during the transition to digitalization, the key areas of which have a direct impact on the achievement of all Sustainable Development Goals.

Оразмухаммет Аширов, Силап Аширов
(Туркменистан)

РОЛЬ ЦИФРОВЫХ ТЕХНОЛОГИЙ В ЦЕЛЯХ УСТОЙЧИВОГО РАЗВИТИЯ

Под руководством Уважаемого Президента в стране проводится огромная работа по реализации Целей устойчивого развития. Важным критерием для достижения ЦУР является цифровая трансформация экономики. Использование цифровых технологий способствует экономическому росту, росту инноваций и эффективности. Цифровизация кардинально изменяет организацию и структуру международной торговли, повышая долю услуг, предоставляемых в цифровой форме. В настоящее время реализация экономического потенциала Туркменистана в контексте ЦУР значительно расширяется, активизируются возможности отраслевого развития при переходе на цифровизацию, ключевые направления которой имеют непосредственное влияние на достижение всех Целей в области устойчивого развития.

Ejegül Orazowa
(Türkmenistan)

TÜRKMENISTANDA DURNUKLY ÖSÜŞ MAKSATLARYNY DURMUŞA GEÇIRMEGIŇ GELJEKKI UGURLARY

Durnukly ösüş maksatnamalarynyň dünýädäki ýurtlaryň ösüşine möhüm täsir etmek mümkinçiligi örän uly. Oňa goşant goşmak ähli gyzyklanýan taraplar üçin umumy gymmatlygy döretmegiň usulydyr. Ähli gyzyklanýan taraplaryň umumy netije gazanmak ugrunda işlemegine itergi bermekde milli tejribeleriň güýçli täsiri bardyr. Başgalar üçin gymmatlyklary döretmek, ýaşaýan dünýämizi gowulandyrmak we görelde bolup hyzmat etmek ýörelgelerine

esaslanýan maksatlara ýetmekde tagallalar edýän, belli bir tejrebeleri gazanýan döwletler durnukly ösüşiň milli tejribelerini döretmäge hem ukyplydyrlar. Türkmenistanyň BMG bilen köpugurly hyzmatdaşlygynyň esasy ugry DÖM bilen baglanyşyklydyr. Bu ugurdaky gatnaşyklaryň täze tapgyry 2015-nji ýylyň oktýabrynda geçirilen geňeşmeleriň netijesinde başlandy. Şol maslahatyň çäklerinde DÖM-e uýgunlaşmak boýunça Bilelikdäki iş topary döredildi. Netijede, Türkmenistan DÖM-i milli maksatnamalarydyr ösüş strategiýalaryna ornaşdyran hem-de ýerine ýetirmek üçin onuň esasy ugurlaryny kesgitlän ilkinji döwletleriň biri boldy. Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi bilen BMG-niň ÖM-iň arasynda "Durnukly ösüş maksatlaryny durmuşa geçirmek üçin meýdança" atly bilelikdäki taslama 2018-nji ýylda başlandy. Ol degişli düzümleriň we BMG-niň edaralarynyň DÖM-i milli derejede durmuşa geçirmekde tagallalary utgaşdyrmagyň umumy meýdançasy bolup hyzmat edýär. 2019-njy ýylyň 18-nji iýulynda BMG-niň ştab-kwartirasynda geçirilen ýokary derejeli Syýasy forumda Türkmenistan DÖM-i ýerine ýetirmek boýunça birinji Meýletin milli syny, 2023-nji ýylyň 19-njy iýulynda ikinji Meýletin milli syny hödürledi. Meýletin milli synlar ýurtda DÖM-i durmuşa ornaşdyrmak boýunça çäreleri düzgünleşdirip garamaga hem-de geljekki ädimleri kesgitlemäge mümkinçilik berýär.

Ýurdumyzyň DÖM-iň görkezijileriniň milli ulgamyny emele getirmek, hemmetaraplaýyn, ygtybarly maglumatlary toplamak işleri dowam edýär. MMS ähli ugur boýunça ýurtda DÖM-iň görkezijilerini bellemäge, DÖM-i durmuşa ornaşdyrmakda gazanylan ösüşleri gözden geçirip, geljekki ugurlary kesgitlemäge ýardam berýär. 2024-nji ýylyň 9-njy fewralynda "Durnukly ösüş maksatlaryny durmuşa geçirmek üçin meýdança" taslamasynyň nobatdaky üçünji tapgyryna badalga berildi. Iki ýyla niýetlenen resminama laýyklykda, bu tapgyrda DÖM-i ýurtda durmuşa geçirmekde, hasabatlylygy alyp barmakda we gözegçilik etmekde, maliýe esaslaryny berkitmek ulgamynda halkara tejribäni öwrenmekde bilelikdäki işleri guramak göz öňünde tutulýar. 2024–2025-nji ýyllarda Türkmenistanyň BSG-e girmek meselesi boýunça milli mümkinçiligi ýokarlandyrmak, salgyt kanunçylygynyň seljermesi babatda çäreleri geçirmek, bilermenler goldawyny bermek meýilleşdirilýär.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň "Türkmenistan Durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň ýolunda" atly kitabynda DÖM-niň wezipeleri boýunça gazanylan netijeler bellenilip, täze wezipeler kesgitlenilýär. Şol maksatlara meňzeş milli derejedäki wezipeleriň ýurdumyzda BMG-iň sammitiniň ýubileý mejlisinden ýedi ýyl ozal çözülip başlanandygy bu meseleleriň döwrüň ýiti häsiýetli ugurlaryna öwrülendigini, olaryň oňyn çözgütleriniň halkyň durmuş şertlerini gowulandyrýan esaslary döredýändigini tassyklady. 2008-nji ýylda býujeti onlarça trillion manada barabar bolan giň gerimli durmuş maksatnamasy

döredildi. Oba milli maksatnamasynyň durmuşa geçirilmegi yzygiderli dowam edýär. Kitapda geljek üçin maksatlaýyn gönükdirijilere ýetmegiň esasyny döretmegiň wezipeleri kesgitlenilýär. Şunlukda, innowasiýalar, ylym, bilim, maliýe, hyzmatlar, kommunikasiýalar ulgamlaryna maýa goýumlaryny çekmek; ylmyň we tehnologiýanyň, sanly ykdysadyýetiň ösdürilmegi; nesilleriň hil taýdan ýokary aň-paýhas ösüşiniň hem-de dünýä jemgyýetçiligine ynamly goşulyşmagynyň şertlerini döretmek ýaly wezipeler geljegiň esasy ugurlarynyň hatarynda görkezilýär.

Ejegul Orazova
(Turkmenistan)

FUTURE DIRECTIONS OF IMPLEMENTATION OF SUSTAINABLE DEVELOPMENT GOALS IN TURKMENISTAN

Strategic national reviews provide an opportunity to review the countrys implementation of the Sustainable Development Goals and identify future steps. The work of forming the national system of indicators of the countrys Sustainable Development Goals and collecting comprehensive and reliable data is ongoing.

The National Review helps to determine the indicators of the Sustainable Development Goals in the country in all areas, to revriew the progress made in the implementation of the Sustainable Development Goals, and to determine the future directions.

Эджегуль Оразова
(Туркменистан)

БУДУЩИЕ НАПРАВЛЕНИЯ РЕАЛИЗИЦИИ ЦЕЛЕЙ УСТОЙЧИВОГО РАЗВИТИЯ В ТУРКМЕНИСТАН

Стратегические национальные обзоры Целей устойчивого развития дают возможность проанализировать ход реализации страной ЦУР и определить будущие шаги.

Продолжается работа по формированию национальной системы индикаторов целей устойчивого развития страны и сбору комплексных и достоверных данных. Национальный обзор помогает определить показатели достижения целей устойчивого развития в стране по всем направлениям, проанализировать прогресс, достигнутый в реализации целей устойчивого развития и определить будущие направления.

Aýlar Saparlyýewa
(Türkmenistan)

NEBITI GAÝTADAN IŞLEÝÄN KÄRHANANYŇ ESASY MAÝASYNDAKY TENDENSIÝALAR

"Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynyň" tassyklanylmagy ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ösüşiň täze sepgitlerine tarap yzygiderli öňe gitmegine gönükdirilen maksatlara ýetmegiň ýolunda ädilen ähmiýetli ädim boldy. Şol sebäpli ýurdumyzyň eksport kuwwaty bolan nebiti gaýtadan işleýän senagatyň ykdysady netijeliligini ýokarlandyrmagyň ýollaryny gözlemek we olaryň esasynda netijeli dolandyryş çözgütleriniň kabul edilmegi ylmy taýdan çemeleşmegi talap edýär.

Türkmenistanyň häzirki zaman ösüş şertlerinde içerki pudagy hemmetaraplaýyn döwrebaplaşdyrmak zerur bolanda, toplanan esasy maýanyň täzelenmegi aýratyn möhüm bolýar.

"Esasy maýa" kategoriýasynyň kesgitlemesine esaslanyp, önüme gymmaty geçirmegiň, ýagny usulyny kem-kemden birnäçe önümçilik aýlawynda, böleklerde, könelme esasynda ýaly usullaryny göz öňünde tutmaly.

Şeýle-de bolsa bu düzgünler iki aýratynlyk bilen aýdyňlaşdyrylmalydyr. Birinjiden, esasy maýa diňe zähmetiň işjeň bölegine gönüden-göni täsir edýän we hereket etmegi üçin maddy şertleri döredýän önümçilik serişdeleriniň diňe bir bölegini öz içine alýar. Ikinjiden, esasy maýa önümleriniň hili we bäsdeşlige ukyplylygy üçin maddy esas bolup durýar. Bu düşündirişleriň girizilmegi, häzirki şertlerde esasy maýanyň köpelmegi we täzelenmegi tendensiýalaryny has doly öwrenmäge esas döredýär.

Döwlet edaralarynyň isleglerini kanagatlandyrmak üçin täzelenme aýratyn ünsi çekmelidir. Munuň özi belli bir durmuş talaplaryny, zähmeti goramagy we daşky gurşaw standartlaryny kanagatlandyrmak üçin esasy maýanyň üýtgedilmegini öz içine alýar. Ikinjisi bolsa, nebiti gaýtadan işlemekde aýratyn möhüm bolup durýar.

Maýa goýum işjeňliginiň tapgyrlary esasy maýanyň dolanyşygy bilen ýakyn baglanyşyklydyr. Bu aýlaw üç basgançagyň alternatiwasy hökmünde görkezilip bilner: sarp etmek (ýa-da ykdysady könelme), ulanyş tutum gaznasynyň döredilmegi we öwezini dolmak.

Esasy serişdeleriň dolanyşygy ýaly, maýa goýumlarynyň biri-biri bilen ýakyn dolanyşygyny – olaryň köpelmegini, ýagny birinji tapgyrdan (maýa goýum çeşmeleriniň jemlenmegi) iň soňky (peýda gazanmak – girdeji, netije) ýagdaýyny tapawutlandyryp bolar.

Maýa goýum işjeňliginiň tapgyrlaryny, esasy maýanyň dolanyşyk tapgyrlaryny, şeýle hem nebiti gaýtadan işleýän zawody dolandyrmagyň aýratynlyklaryny öwrenmek esasynda, esasy maýanyň täzelenmegi üçin maýa goýum goldawynyň iň möhüm aýratynlyklary ulgamlaşdyryldy (*1-nji surat*).



1-nji surat. Nebiti gaýtadan işleýän zawodlaryň esasy maýasynyň aýratynlyklaryny ulgamlaşdyrmak

Şeýlelik bilen, bu aýratynlyklar täzeleniş taslamasynyň esasy görkezijilerine hem-de netijeliliginiň derejesine baha bermekde, girdejiliginiň ýokary derejesini gazanmak mümkinçiligi bilen bagly töwekgelçilikleri we mümkinçilikleri kesgitleýär.

Aylar Saparlieva
(Turkmenistan)

TRENDS IN THE RENEWAL OF FIXED CAPITAL OF AN OIL REFINING ENTERPRISE

The author gives a definition of the category “fixed capital”, which should be included in the method of transferring value to the product: gradually, over a number of production cycles; in parts; as it wears out.

The systematization of the characteristics of the main capital is analyzed, which determines the special requirements for the procedure for justifying investment decisions on fixed capital renewal projects, which should provide a high degree of reliability in assessing the main parameters of the project of such renewal, the level of their effectiveness, as well as identify the associated risks and opportunities for obtaining an increased level of profitability.

Айлар Сапарлиева
(Туркменистан)

ТЕНДЕНЦИИ ОБНОВЛЕНИЯ ОСНОВНОГО КАПИТАЛА НЕФТЕПЕРЕРАБАТЫВАЮЩЕГО ПРЕДПРИЯТИЯ

Автор дает определение категории “Основной капитал”, который следует положить в способ перенесения стоимости на продукт: постепенно, в течение ряда производственных циклов; частями; по мере износа.

Проанализирована систематизация характеристик основного капитала определяющие особые требования к процедуре обоснования инвестиционных решений по проектам обновления основного капитала, которая должна обеспечить высокую степень надежности оценки основных параметров проекта такого обновления, уровня их эффективности, а также выявить связанные с ними риски и возможности получения повышенного уровня доходности.

Jennet Durdyýewa
(Türkmenistan)

TELEKEÇILIK – YKDYSADYÝETIŇ HEREKETLENDIRIJI GÜÝJÜDIR

Telekeçilik hususy eýeçilige we erkin bäsdeşlige esaslanmak bilen, durmuş-ykdysady ulgamyň islendik ugrunyň ösüşiniň esasydyr. Telekeçilik täze ösen önümçilik serişdelerini ulanmaklyga we könelerini önümçilikden aýyrmaklyga, milli ykdysadyýetiň bäsdeşlik derejesiniň ýokarlanmagyna, onuň açyklygyna, maýanyň getirilmegine we çykarylmagyna ýardam edýär.

Ýurdumyzyň ykdysady ösüşini durnuklaşdyrmakda telekeçilik işjeňliginiň möhüm ähmiýeti bardyr. Ol önümçiligi çeýe dolandyrmaga, täze tehnologiýalary we ylmyň gazananlaryny önümçilige tiz ornaşdyrmaga mümkinçilik döredýär. Telekeçilik ykdysadyýetde täze iş orunlaryny döretmäge, ykdysadyýetiň salgyt binýadyny, importy çalyşýan we eksporta gönükdirilen önümçilikleri giňeltmäge uly itergi berýär.

Milli ykdysadyýetimiziň hususy ulgamyny ösdürmek, häzirki zamanyň bazar usullaryny giňden ornaşdyrmagyň hasabyna onuň eýeleýän ornuny ýokarlandyrmak, telekeçilik başlangyçlaryny goldamak hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň alyp barýan durmuş-ykdysady syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Bu babatda durmuşa geçirilýän çäreler türkmen işewürleriniň öňünde dürli ulgamlarda ýokary netijeleri gazanmak üçin giň mümkinçilikleri açýar.

Bazar ykdysadyýetini bazar gatnaşyklary ýörelgelerinde ýola goýýan ýurdumyzda telekeçilik ulgamyny netijeli hem-de depginli ösdürmek üçin amatly hukuk, ykdysady, maliýe, durmuş şertleri döredildi. Munuň özi telekeçiligiň, salgyt ulgamynyň hukuk esaslarynyň kämilleşdirilmeginde, eksport-import amallaryny geçirmegiň, ýer böleklerini bermek düzgüniniň ýönekeýleşdirilmeginde, ýeňillikli karz bermekde gümrük hem-de söwda amallaryny resmileşdirmek işleriniň ýeňilleşdirilmeginde beýanyny tapýar.

Telekeçiligiň giň gerimde ösdürilmegi, bazar gatnaşyklarynyň barha çuňlaşdyrylmagy, içerki sarp ediş bazarlarynda haryt bolçulygynyň artmagy hususy önüm öndürijileriň arasyndaky bäsdeşligi barha güýçlendirýär. Bäsdeşlik bolsa, öz gezeginde, öndürilýän önümleriň we hyzmatlaryň möçberini artdyrmagyň, olary hil taýdan kämilleşdirmegiň hem-de nyrhlaryny önümçiligiň özüne düşýän gymmatyny arzanlatmak arkaly pese düşürmegiň esasy tizlik beriji serişdesi bolup çykyş edýär.

Häzirki wagtda ýurdumyzda öňdebaryjy hususyýetçileriň we telekeçileriň kemala gelmegi hem-de döwletimiziň olar bilen özara gatnaşyklary Türkmenistanyň bazar ulgamynyň düzümini kämilleşdirmekde kesgitleýji ähmiýete eýe bolup durýar. Ýurdumyzy ösdürmekde, milli ykdysadyýetimiziň kuwwatyny artdyrmakda işewürler bileleşiginiň ähmiýeti örän uludyr. Ýurdumyzyň jemi içerki önüminde kiçi we orta telekeçiligiň paýy artýar, hususy telekeçiler özleri üçin täze bazarlary, şol sanda daşary ýurt bazarlaryny özleşdirýärler. Şunda olar öz öndürýän önümleriniň hiliniň ýokary bolmagy netijesinde bäsdeşlige üstünlikli hötde gelýärler, mahlasy, işjeň ykdysady işleri alyp barýarlar.

Jennet Durdyyeva
(Turkmenistan)

ENTERPRISE IS A MOVER OF ECONOMY

Enterprise is the basis for the development of any sector of the social and economic system, based on private ownership and free competition. Enterprise promotes the use of new advanced means of production and removal of old ones from production, increase in the level of competitiveness of the national economy, its openness, import and export of capital.

Business activity is important in stabilizing the economic development of the country. It provides an opportunity to flexibly manage production, quickly introduce new technologies and scientific achievements into production. Enterprise is a great incentive to create new jobs in the economy, expand the tax base of economy, import-substituting and export-oriented industries.

Дженнет Дурдыева
(Туркменистан)

ПРЕДПРИНИМАТЕЛЬСТВО – ДВИЖУЩАЯ СИЛА ЭКОНОМИКИ

Предпринимательство является основой развития любого сектора социально-экономической системы, основанной на частной собственности и свободной конкуренции. Предпринимательство способствует использованию новых передовых средств производства и снятию с производства устарелых производственных процессов, повышению уровня конкурентоспособности экономики, ее открытости, ввозу и вывозу капитала.

Предпринимательская деятельность играет важную роль в стабилизации экономического развития страны, предоставляя возможность применения гибкого подхода в управлении производством, при этом обеспечивая быстрое внедение в производство новых технологий и научных достижений. Предпринимательство является отличным стимулом для создания новых рабочих мест в экономике, расширения налоговой базы экономики, развития импортозамещающих и экспортоориентированных производств.

Sülgün Garajaýewa
(Türkmenistan)

OBA HOJALYK ÖNÜMÇILIGINDE ZÄHMETI KADALAŞDYRMAGYŇ YKDYSADY NETIJELILIGE TÄSIRI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýokary hilli, ekologiýa taýdan arassa azyk, miwe, gök-bakja, ot-iýmlik we beýleki oba hojalyk önümleriniň öndürilişini artdyrmak üçin, daýhan birleşikleriniň ekerançylyk üçin peýdalanmaýan, özleşdirilmäge degişli ýer böleklerini netijeli ulanmak, ekerançylyk we maldarçylyk pudaklarynda önümçilikleri kämilleşdirmek boýunça birnäçe çäreler geçirilýär.

Zähmeti guramak we kadalaşdyrmak ylmy taýdan barha kämilleşdirilýär. Zähmetiň talabalaýyk guralmagynyň önümçiligiň netijeliligine täsirini ylmy esasda ilkinji gezek Adam Smit 1775-nji ýylda “Milletleriň baýlyklarynyň sebäpleri we tebigaty” atly ylmy barlag işinde beýan edipdi. Alym ilkinjileriň biri bolup zähmeti guramakda zähmet bölünişiginiň zähmet öndürijilik güýjüniň ösüşinde iň uly orun tutýandygyny we zähmeti maksadaokgunlylyk hem-de ussatlyk, ugurtapyjylyk bilen ýerine ýetirip boljakdygyny belleýär.

Alym Adam Smit zähmet güýjüni tygşytly ulanmak esasynda işi ýokary hilli ýerine ýetirmek bilen, zähmet öndürijiligini ýüzlerçe esse ýokarlandyryp boljakdygyny subut etdi. Şol esasda alym zähmet bölünişiginiň we ýöriteleşdirilmeginiň netijesinde, belli bir tabşyryk ýerine ýetirilende şol bir işçiniň sanyny üýtgetmezden, zähmet öndürijiligini artdyryp boljak üç dürli şerti belläp geçýär:

– her bir işçiniň zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagyna getirýän özbaşdak başarnygyny ösdürmek (tälim bermek, gözükdirmek we ş.m.);

– işçileriň zähmetiniň bir görnüşinden beýlekisine geçmegi üçin, adatça, artyk sarp edilýän wagty tygşytlamak;

– zähmet çykdajylaryny ýeňilleşdirýän we azaldýan hem-de bir adama birnäçe işçiniň işini ýerine ýetirmäge mümkinçilik berýän köpsanly önümçilik maşynlaryny oýlap tapmak.

Oba hojalyk pudagy iki ulgama – maldarçylyga we ekerançylyga bölünýär. Olar önümçiligiň guralyşy bilen biri-birine baglydyr. Bu ulgamlarda önümçilik işine görä zähmeti guramak we kadalaşdyrmak biri-birinden tapawutlanýar.

Ekerançylykdan tapawutlylykda, maldarçylykda bir çalşygyň dowamynda zähmet öndürijiligine kada goýulmaýar, ýöne belli bir iş şertlerinde tutuşlaýyn tabşyrygy ýerine ýetirmeli döwrüniň dowamlylygynda berkidilen mallara seretmek hem-de idetmek üçin hyzmat etmegiň kadasy kesgitlenýär. Bu ýagdaýlaryň hemmesi maldarçylyk pudagynda işleýän işçileriň iş wagt harajatlarynyň dürli-dürli zähmet çykdajylaryndan durmagyna sebäp bolýar. Şonuň üçin hyzmat etmegiň kadalary hasaplananda mallaryň bir başyna hyzmat etmek üçin gerek bolan gündelik ortaça iş wagt kadalary kesgitlenýär.

Oba hojalygynyň maldarçylyk pudagynda işçileriň iş ýerine hyzmat etmeginiň kadalary analitiki-eksperimental, hasaplama we seljeriş usullary ulanylyp, şeýle hem zähmet hakyndaky ýygyndylaryň esasynda kesgitlenip bilner.

Maldarçylyk pudagynda iş wagty hasaplananda hökmany ýagdaýda täsir edýän sebäpler, ýagny mallaryň görnüşi, jynsy, ýaşy, mallaryň önümçilik ugry we öndürijiligi, mallary saklamagyň şertleri, usullary, işleriň mehanizmleşdiriliş derejesidir serişdeleri göz öňünde tutulmalydyr. Bu sebäpleri ilki öwrenmeli we soňra işgäriň iş wagtyny sarp edişine baha bermeli. Wagty tygşytlamak bilen birlikde, ähli maddy çykdajylara hem yzygiderli ykdysady taýdan gözegçilik edilmelidir. Zähmet kadalarynyň anyk kesgitlenmegi we önümçilige ornaşdyrylmagy bu pudagyň ykdysady taýdan netijeliligini gazanmaga uly mümkinçilik döredýär.

Sulgun Garajayeva
(Turkmenistan)

THE IMPACT OF LABOR RATIONING ON THE ECONOMIC EFFICIENCY OF AGRICULTURAL PRODUCTION

The article deals with the author's approach to the essence of labor regulation and labor standards at the present stage of development of agricultural production. Labor rationing should be considered as an element of production management, which allows you to set based on the study of the cost of working time reasonable labor standards of optimal tension. The use of norms of optimum tension will allow to establish norms of development, norms of service, the normalized tasks proceeding from level of qualification and length of service of the worker, existing working conditions at a workplace at optimum intensity of work. For norm-setting optimum tension suggested ways of improving the methods of calculation and the validity of employment standards in dairy farming, mechanized field works, transport works. The application of standards for optimal tension will allow you to enterprise social, physiological and economic effects.

Abat Nurmuradowa
(Türkmenistan)

TÜRKMENISTANDA INNOWASIÝA SYÝASATY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe milli ylym ulgamy dünýä derejesinde ösdürilýär we senagatyň tehnologiýa taýdan ösen täze ugurlaryna laýyklykda yzygiderli döwrebaplaşdyrylýar. Türkmenistanda alnyp barylýan ykdysady syýasatyň milli modeliniň strategik maksady – ýurduň ykdysadyýetini bazar-innowasion gatnaşyklaryna geçirmegiň we diwersifikasiýalaşdyrmagyň netijesinde, döwletimiziň önümçilik, tebigy we zähmet kuwwatlyklaryny rejeli ulanmak esasynda onuň kuwwatlylygyny hem-de bäsdeşlige ukyplylygyny has-da artdyrmagyň esasynda ilatyň maddy-hal ýagdaýyny düýpli ýokarlanmakdan ybaratdyr. Türkmenistanda bazar ykdysadyýetine geçmek we innowasion özgertmeleri amala aşyrmak maksady bilen jemgyýet-önümçilik gatnaşyklaryň özenini emele getirýän eýeçiligiň institusional düzüminiň kämilleşdirilmegi esasynda ykdysadyýetimizi düzümleýin üýtgetmek ýaly wajyp işler soňky ýyllarda giň gerimde alnyp barylýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ykdysady ösüş modeli ýurdumyzyň senagat toplumlarynyň geljekki ösüşleriniň innowasion usullary

bilen üpjün edilmegini göz öňünde tutýar. Senagatyň ösüşine innowasiýalary ornaşdyrmagyň esasynda bu pudagy innowasion ösüş ýoluna geçirmek maksady bilen, Türkmenistanyň ylmy institutlary tarapyndan ýurdumyzyň senagatynyň innowasion ösüşiniň uzak möhletleýin strategiýasyny işläp düzmek boýunça ylmy-barlag işleri alnyp barylýar. Amala aşyryljak ylmy-barlag işiniň ahyrky önümi Türkmenistanyň innowasion ösüşiniň modeliniň işlenip düzülmegi bilen baglydyr. Geçirilýän işleriň esasy maksady – Türkmenistanyň senagat pudagynyň uzakmöhletleýin ösüş strategiýasynyň ileri tutulmaly innowasion ýollaryny kesgitlemekden we şunuň esasynda senagatyň innowasion ösüşiniň milli modelini işläp düzmekden ybaratdyr.

Türkmenistanyň innowasiýa syýasatynyň esasy maksady önümçiligiň tehnologik derejesini we bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak bilen baglydyr. Şeýle hem Türkmenistanyň durnukly durmuş-ykdysady ösüşini, ýurduň ilatynyň ýaşaýyş derejesini we hilini ýokarlandyrmagy, döwletiň ylmy-tehniki kuwwatynyň ösüşini we ulanylyşyny, häzirki zaman ekologiýa taýdan arassa, howpsuz, energiýa we serişde tygşytlaýjy tehnologiýalary önümçiliklere ornaşdyrylmagyny we bäsdeşlige ukyply önümleriň täze görnüşleriniň ýerlenilmegini üpjün etmek üçin innowasiýa işini döwlet tarapyndan goldamagyň we höweslendirmegiň çäreler ulgamyny işläp taýýarlamak hem-de durmuşa geçirmek bolup durýar.

Döwlet innowasiýa syýasatynyň esasy wezipeleri Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň innowasiýa taýdan ösüşine gönükdirilen hukuk, ykdysady we guramaçylyk taýdan düzgünleşdirilmegini üpjün edýär.

Ýurdumyzda innowasiýa işjeňligi döwlet tarapyndan goldanylýar hem-de höweslendirilýär. Dünýäniň ösen döwletlerinde innowasiýa işjeňliginiň döwlet tarapyndan kadalaşdyrylmagy ykdysady ösüşiň wajyp guraly, milli ykdysadyýetiň uzakmöhletleýin bäsdeşlige ukyplylygynyň aýgytlaýjy girewi we ilatyň maddy hal ýagdaýyny ýokarlandyrmagyň ykdysady şerti hökmünde ykrar edilendir.

Häzirki wagtda dünýäniň ösen döwletlerinde ykdysadyýetiň pudaklaryny ösdürmeklige innowasiýanyň gazananlaryny ulanmaklyga uly üns berilýär. Biziň ýurdumyzda hem Milli innowasiýa ulgamyny döretmek we toplumlaýyn ösdürmek, Türkmenistanyň döwlet bähbitlerini hasaba almak bilen onuň dünýä innowasiýa ulgamyna goşulyşmagyny üpjün etmeklige, şeýle-de Türkmenistanda innowasiýa infrastrukturasynyň döredilmegine hem-de ösdürilmegine ýardam etmek, ýurduň we dünýä ylmynyň gazananlaryndan ugur alyp, Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň tehnologik taýdan ösüşini çaklamaklyga uly üns berilýär.

Türkmenistanda innowasiýa işini amala aşyrmak üçin zerur bolan intellektual, maglumat, maddy-tehniki we maliýe serişdelerine innowasiýa işiniň subýektleriniň elýeterliligi üçin amatly şertler döredilýär. Şonuň ýaly-da innowasiýa işiniň ösmegi üçin ylmyň, bilimiň, önümçiligiň we maliýe-karz çygrynyň özara baglanyşygy,

döwlet-hususy hyzmatdaşlygy ösdürilýär, aýratyn ykdysadyýetiň telekeçilik böleginiň innowasiýa işine ýardam etmeklik üns merkezinde saklanylýar.

Innowasiýa işiniň we intellektual eýeçiligiň subýektleriniň hukuklaryny hem-de bähbitlerini goramak, innowasiýa işiniň amala aşyrylmagy netijesinde Türkmenistanyň milli, ykdysady, ekologiýa we maglumat howpsuzlygyny üpjün etmek we innowasiýa babatynda Türkmenistanyň halkara hyzmatdaşlygyny işjeňleşdirmek işleri hem Döwletiň innowasiýa syýasatynyň esasy maksatlary bolup durýarlar.

Abat Nurmuradova
(Turkmenistan)

INNOVATIVE POLICY IN TURKMENISTAN

During the Renaissance of a new era of a powerful state, the national system of science is developing at the global level, constantly modernizing in accordance with those approved in the national Program. The strategic goal of the national model of economic policy of Turkmenistan is a significant increase in the well-being of the population based on the transformation and diversification of the country's economy through market-innovative relations, the systematic use of the production, natural and labor potential of the state. In order to transition to a market economy and implement innovative reforms in Turkmenistan, in recent years, large-scale work has been carried out to structurally change our economy based on improving its institutional structure, which forms the core of social and production relations.

Абат Нурмурадова
(Туркменистан)

ИННОВАЦИОННАЯ ПОЛИТИКА В ТУРКМЕНИСТАНЕ

Стратегической целью национальной модели экономической политики Туркменистана является существенное повышение благосостояния населения на основе трансформации и диверсификации экономики страны на рыночно-инновационных отношениях, системного использования производственного, природного и трудового потенциала государства. В целях перехода к рыночной экономике и реализации инновационных реформ в Туркменистане в последние годы проведена масштабная работа по структурному изменению нашей экономики на основе совершенствования её институциональной структуры, которая формирует ядро социально-производственных отношений.

Сульгун Гараджаева
(Туркменистан)

ВЛИЯНИЕ НОРМИРОВАНИЯ ТРУДА НА ЭКОНОМИЧЕСКУЮ ЭФФЕКТИВНОСТЬ СЕЛЬСКОХОЗЯЙСТВЕННОГО ПРОИЗВОДСТВА

В статье рассматривается авторский подход к сущности нормирования труда и норм труда на современном этапе развития сельскохозяйственного производства. Нормирование труда необходимо рассматривать как элемент управления производством, который позволяет устанавливать на основе изучения затрат рабочего времени обоснованные нормы труда оптимальной напряженности. Использование норм оптимальной напряженности позволит устанавливать нормы выработки, нормы обслуживания, нормированные задания исходя из уровня квалификации и стажа работника, существующих условий труда на рабочем месте при оптимальной интенсивности труда. Для установления норм оптимальной напряженности предложены варианты совершенствования методики расчета и обоснованности норм труда в животноводстве, на механизированных полевых работах, на транспортных работах. Применение норм оптимальной напряженности позволит получить на предприятии социальный, физиологический и экономический эффект.

Bäşim Iwanow, Batyr Orazmuhammedow
(Türkmenistan)

SANLY YKDYSADYÝETDE IŞEWÜRLIK MODELLERINI ULANMAGYŇ MÜMKINÇILIKLERI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ösen bazar gatnaşyklaryny nazarlaýan işjeň syýasatyň esasy ugurlarynyň hatarynda durýan ylmy-tehniki döwrebaplaşmak, ähli ulgamlarda innowasiýalaryň ornaşdyrylmagy, öňdebaryjy tehnologiýalara daýanýan ösen senagaty kemala getirmek ýurdumyzyň strategik ugurlarynyň biri bolup durýar. Hut şu jähetden önümçiligiň ähli pudaklaryna ylmyň hem-de öňdebaryjy tejribäniň gazananlarynyň ornaşdyrylmagy we iň täze tehniki hem tehnologik enjamlaryň netijeli ulanylmagy biziň ýeten belent sepgitlerimizde, gazanan üstünliklerimizde möhüm ähmiýete eýedir.

Sanly ykdysadyýetiň ösdürilmegi, sanly amatlyklaryň elýeterliliginiň ýokarlandyrylmagy, sanly serişdeleriň ykdysadyýetde giňden ornaşdyrylmagy we

peýdalanylmagy ýurdumyzyň dünýäniň sanly giňişligine işjeň goşulyşmagyny, onuň halkara bazarda bäsdeşlige ukyplylygynyň düýpli ýokarlandyrylmagyny we milli ykdysadyýetimiziň ösüşiň täze innowasion tapgyryna geçirilmegini üpjün eder. Sanly ykdysadyýet we internet tehnologiýalary jemgyýetçilik durmuşynyň ähli pudaklaryna täsir edýär. Häzirki wagtda bazar gurşawynda bäsdeşlik sanly tehnologiýalaryň ösdürilmegine we giňeldilmegine ýardam berýär. Sanly ykdysadyýetde müşderi bilen işlemek özbaşdak işe öwrülýär, onuň wezipelerine gatnaşmak we özara täsir etmek amala aşyrylýar. Müşderi tejribesiniň gymmaty artýar, bu hem girdeji çeşmesine öwrülýär we şol bir wagtyň özünde kompaniýa gatnaşyklary segmentinde gowy netijeler gazanylýar.

Häzirki wagtda işewür proseslerin platformalaryny taýýarlamakda döwrebap çemeleşmelerini, taslama işleriň alnyp barlyşyny öwrenmek, sanly ykdysadyýetde işewür hyzmatdaşlygyň täze görnüşlerini ulanmak, şeýle hem sanly ykdysadyýeti ösdürmekde döredilýän sanly platformalaryň işleýşiniň netijeliligini ýokarlandyrmak zerurlygy ýüze çykýar.

Emeli aň we sanly bäsdeşlik ýaly sanly tehnologiýalaryň ulanylmagy, alyjy bilen gatnaşyklary çuňlaşdyrmak, sanly gurşawda onuň bilen aragatnaşyk, isleglerinin üýtgemegine duýgur garaýyş (reaksiýa) ýaly meýilleri döredýär. Ylymda we ykdysadyýetde gazanylan üstünlikler emeli aňyň giňden ulanylmagyny üpjün edýär: täze derman serişdelerini tapmak üçin programma üpjünçiliginden başlap, medeni gyzyklanmalarymyzy açyp görkezýän we özümizi alyp barşymyzy çaklaýan algoritmlere çenlidir.

Işewürlik medeniýeti, kompaniýanyň medeniýeti, guramanyň düzüminde liderlige we özüňe düşünmek zerurlygyna üýtgeýär. Öwrenmek we düýpli üýtgemeler üçin guramaçylyk we ýolbaşçylyk ukyby zerurlygy ýüze çykýar we onuň tizligi diňe ýokarlanýar. Bu bolsa kompaniýanyň innowasiýa medeniýetiniň, ýokary tizlikli täsirli taslamalary döretmek we durmuşa geçirmek ukybynyň zerurdygyny aňladýar. Köp pudaklarda müşderiniň isleglerini kanagatlandyrmagyň düýbünden täze usullaryny döredýän tehnologiýalary ulanýarlar.

Sanly ykdysadyýetde işewürlik modellerini deňeşdirmek maksady bilen adaty we platforma görnüşlerine bölünýär. Soňky platforma işewürlik modellerini gymmatlyk döredýär, özara täsir etmäge mümkinçilik berýän sanly tehnologiýalary ulanmak arkaly müşderiler ykdysadyýete dürli gatnaşyjylary hakyky wagtda hemmeler üçin deň elýeterliligi, elektron sanly aragatnaşyk kanallarynyň gatnaşyjylara maglumat we ygtybarlylygy üpjün edýär.

Adaty işewürlik modelleriniň ornuny tutan platforma işewürlik modelleriniň aýdyň mysallary, taksi üçin jaň etmek hyzmaty, jaýlary, otaglary bronlamak hyzmaty. Gymmatlyk döretmek üçin adaty işewürlik modeliniň arasyndaky baglanyşygy

ulandy, ýagny müşderi – taksi müşderileri we gönüden-göni hyzmat berýän adam – taksi sürüjisi. Bu baglanyşyk alnan *Call* merkezi bolup, sargytlary we seslenmeleri kabul edip, işläp taýýarlaýar.

Sanly hyzmatlara ykdysadyýetiň we jemgyýetiň isleglerinin barha artmagy telekeçiligiň ösmegi üçin täze mümkinçilikleri açýar. Bu ýagdaý ýurtda täze iş orunlarynyň döredilmegini şertlendirýär. Iş üpjünçilik ulgamynyň kämilleşdirilmegi bolsa, ilatyň maddy-hal ýagdaýynyň gowulanmagynda we durmuş abadançylygynyň ýokarlanmagynda öz aýdyň beýanyny tapýar. Dünýä tejribesinden görnüşi ýaly, ykdysady ulgamda öňegidişlik gazanmak bilimleri, innowasiýalar bazaryny we sanly maglumatlary giňden ornaşdyrýan ýurtlara başardýar. Şundan ugur alnyp, häzirki döwürde döwlet tarapyndan sanly ykdysadyýeti ösdürmek boýunça uly işler amala aşyrylýar.

Bashim Ivanov, Batyr Orazmuhammedov
(Turkmenistan)

OPPORTUNITIES FOR USING BUSINESS MODELS IN DIGITAL ECONOMY

At present, there is a need to study modern approaches to the development of business process platforms and implementation of projects, use new forms of business cooperation in the digital economy, and increase the efficiency of the digital platforms created in development of the digital economy.

In order to compare business models in the digital economy, it is divided into traditional and platform types. The latest platform business models create value, by using digital technologies, enabling interaction, the customers use real-time access to various participants in the economy, providing equal access for all, information and reliability to participants of the electronic digital communication channels.

Бяшим Иванов, Батыр Оразмухаммедов
(Туркменистан)

ПРЕИМУЩЕСТВА ИСПОЛЬЗОВАНИЯ БИЗНЕС – МОДЕЛЕЙ В ЦИФРОВОЙ ЭКОНОМИКЕ

Сегодня существует необходимость изучения современных подходов к разработке платформ бизнес-процессов и реализации проектов, использования новых форм делового сотрудничества в условиях цифровой экономики, повышения эффективности цифровых платформ.

Для сравнения бизнес-моделей в цифровой экономике её разделяют на традиционные и платформенные типы. Новейшие платформенные бизнес-модели создают ценность, используя цифровые технологии, обеспечивающие взаимодействие, клиенты получают доступ в режиме реального времени к различным участникам экономики, обеспечивая равный доступ для всех, информацию и надёжность участников электронных цифровых каналов связи.

Kerim Kertiýew, Eneş Rozyýewa
(Türkmenistan)

STEM BILIMINIŇ YKDYSATÇY HÜNÄRMENLERI DÖWREBAP TAÝÝARLAMAKDAKY AÝRATYNLYKLARY

Sanly ykdysadyýet şertlerinde ylmyň we tehnologiýalaryň üznüksiz ösmegi, dünýäniň bilim giňişligine ýurdumyzyň işjeň goşulyşmagy, ähli ugurlardaky ösüşleriň esasy hereketlendirijisine öwrülip, bilim edaralarynda okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegi talap edýär. Şoňa görä-de, bilim boýunça okatmagyň usulyýetini milli tejribä, döwlet we halkara bilim standartlaryna laýyklykda alyp barmaklyk ýurdumyzyň durnukly ykdysady ösüşini üpjün etmeklige mümkinçilik berýär.

Geljekde ykdysady durnuklylygyň täze hiline bagly bolan, ylmyň we bilimiň tutýan orny häzirki zaman türkmen jemgyýetiniň täze idealogiýasy bolup durýar. Bu ýagdaýda maglumat we innowasiýa ykdysadyýeti deň wagtda hereket edýär. STEM biliminiň özi üçin ylma, tehnologiýa, inženerçilige we matematika esaslanan çemeleşme bolup has köp duş gelinýändigini bellemeklik gerek.

STEM bilimi milli hojalygynda zähmet çekýän işgärleri taýýarlamakda ösýän ýurduň işçi güýjüne bolan üýtgäp durýan isleglerine ünsi jemleýär. Ykdysatçy

hünärmenleri okatmakda bu ulgam üçin, esasan hem, iki ugry aýrabaşgalaşdyryp bolar: ähli işewürler üçin STEM bilimini güýçlendirmek we ykdysatçy işçileri çuňňur taýýarlamak.

Häzirki wagtdaky STEM bilimi	
STEM bilimini güýçlendirmek	Ykdysatçy işçileri çuňňur taýýarlamak
Hünär meselelerini çözmek üçin menejerleri häzirki zaman usullaryň toplumy bilen üpjün etmek	Talyplary ylmy-barlag işe we durmuşda üstünlik gazanmaga taýýarlamak üçin STEM bilimi

Işewürler üçin STEM-bilimine üns jemlenen halatynda esasy wezipe hünärmenleriň bilimini artdyrmak maksady bilen goşmaça okuwlary guramagyň mazmunyny we ýörelgelerini mundan beýläk-de kämilleşdirmekden, oňa täze esaslary girizmekden ybaratdyr. Ýokary bilimli ykdysatçylary taýýarlamaga aýratyn ähmiýet berlende, zerur bilimleri almak üçin giň mümkinçilikleriň döredilmegi göz öňünde tutulmalydyr. Bu goşmaça şertler, dolandyryjylaryň ykdysadyýetiň täzeçilliklere gönükdirilen pudagyna umumy höwesi döretmegi öz içine alýar.

Türkmenistanda STEM düşünjesi soňky ýyllarda ulanylyp we ýaýrap başlady. Obýektiw şertler kem-kemden bu toplumynyň wajyplygyny şertlendirýän sanly ykdysadyýete geçmek we milli ykdysadyýeti giňden innowasiýalaşdyrmak boldy. Ýurdumyzda ýokary bilimli ykdysatçy hünärmenleri taýýarlamakda STEM bilimini ösdürmek üçin azyndan iki sany şerti görkezmek bolýar:

1. Mugallymlaryň ýa-da edaralaryň beýleki bölümlerinde zähmet çekýänleriň işleri üçin täze çemeleşmeleri we usullary gözleýän aýry-aýry (goşmaça sapaklary, gurnaklary geçirýär, talyplary olimpiadalara we ýaryşlara taýýarlaýarlar) başlangyçlary.

2. Döwlet derejesindäki alnyp barylýan ylmy-barlag taslamalary taýýarlanylanda täze usulyýetleri işläp düzmek.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ykdysatçy alymlar tarapyndan milli hojalygymyzyň ösüşiniň özeni hünärmenleriň bilimi bilen häsiýetlendirilýär. Häzirki wagtda ylym-bilime gönükdirilýän maýa goýumlar esasy serişdelere sarp edilýän harajatlara garanyňda çalt ösýär. Başga ýurtlar bilen bir hatarda, Türkmenistan döwleti hem, özüniň düýpli innowasion düzüm birligi bolan sanly ykdysadyýetiň jemgyýetini döretmeklige çalyşýar.

Kerim Kertiyev, Enesh Rozyyeva
(Turkmenistan)

FEATURES OF STEM EDUCATION IN TRAINING MODERN SPECIALISTS IN ECONOMICS

The 21st century is seen by scientist-economists as a century of transition to a post-industrial society. This type of society is characterized by the fact that knowledge is the basis of the economy. Nowadays, investments in knowledge are growing faster than investment in basic funds. Turkmenistan, like most countries, focuses on fostering an information society with its significant innovative component. When we speak about the current trends in knowledge-based economy in education, we increasingly meet the acronym STEM (Science, Technology, Engineering and Mathematics). STEM is the entry of education to a new level of search, access to breakthrough and innovative technologies.

The formation of the STEM approach in training economists is fully consistent with the quality of new stage in the development of a market economy, which is defined as a knowledge-based economy. The dynamics of this development and the direction of its movement cause the need to improve the national methodology and the system of the STEM approach in training economists, starting from the student b.

Керим Кертиев, Энеш Розыева,
(Туркменистан)

ОСОБЕННОСТИ STEM-ОБРАЗОВАНИЯ В ПОДГОТОВКЕ СОВРЕМЕННЫХ СПЕЦИАЛИСТОВ В ОБЛАСТИ ЭКОНОМИКИ

XXI век рассматривается учёными-экономистами как век перехода к постиндустриальному обществу. Этот тип общества характеризуется тем, что основой экономики являются знания. Сегодня инвестиции в знания растут быстрее, чем вложения в основные фонды. Туркменистан, как и большинство стран, ориентируется на создание информационного общества с его значительной инновационной составляющей. Говоря о современных тенденциях экономики знаний в образовании, мы все чаще встречаем аббревиатуру STEM (Science, Technology, Engineering and Mathematics). STEM – это выход образования на новый уровень поиска, доступа к прорывным инновационным технологиям.

Формирование STEM-подхода при подготовке экономистов полностью согласуется с качественно новым этапом развития рыночной экономики, который определяется как экономика знаний. Динамика этого развития и направление его движения вызывает потребность в совершенствовании национальной методологии и системы STEM-подхода при подготовке экономистов, начиная со студенческой скамьи.

Şemşat Kerimberdiýewa
(Türkmenistan)

BILIMLERIŇ YKDYSADYÝETINIŇ INNOWASION YKDYSADYÝETIŇ ÖSÜŞINE TÄSIRI

Bilimleriň ykdysadyýeti bilimler jemgyýetiniň aýrylmaz düzüm bölegi bolup, diňe bilimleriň ähli gurşawlara aralaşýan jemgyýetinde ýaşap hem ösüp biler. Ilkinji nobatda, ylmy bilimleriň döredilmegi we ulanylmagy bolsa, diňe bir ykdysady netijeliligiň düşünjeleri bilen däl-de, eýsem olaryň has dürli-dürli görnüşlerde ýönekeý adamlaryň adaty durmuşyna giriýändigi bilen hem kesgitlenilýär. Bilime esaslanýan ykdysadyýetiň taglymaty, bilimi ösdürmek, paýlamak hem-de ulanmak boýunça işi häzirki zaman hojalygynda we jemgyýetçilik durmuşynda uly orun eýeleýär. "Bilimleriň ykdysadyýeti" diýen düşünjä, ilkinji bolup F.Mahlup "ABŞ-da bilimleriň önümçiligi we ýaýradylmagy" atly işine seretdi.

Bilimleriň ykdysadyýeti ykdysadyýetiň beýleki pudaklaryndan (senagat, ulag we ş.m.) has giç emele geldi. Bilimiň meselelerini öwrenýän beýleki ylymlardan tapawutlylykda bilimleriň ykdysadyýeti, ykdysadyýetiň beýleki pudaklaryndan has möhüm hasaplanylýar. Bilimleriň ykdysadyýetine mahsus bolan özboluşly aýratynlyklary sebäpli, ol statistika, buhgalterçilik hasaba alnyşy, zähmetiň ykdysadyýeti we ykdysadyýetiň pudaklaýyn meselelerini öwrenýän beýleki ýörite amaly ylym hökmünde toparlandyrylýar.

Bilimleriň ykdysadyýeti, bilim hyzmatlaryny ýerine ýetirmegi, paýlamagy, alyş-çalyş we sarp etmek bilen baglanyşykly gatnaşyklary; ykdysady kanunlaryň, kategoriýalaryň işleýiş aýratynlyklaryny, onda bolup geçýän proseslerin, we hadysalaryň mazmunyny kesgitlemegi hem-de seljermegi; ykdysady ösüşe, jemgyýetiň, şahsyýetiň abadançylygyna täsir edýän öndürijilik güýçlerini öwrenmegi, ýüze çykarmagy öwrenýän amaly ylym hökmünde kesgitlenilýär.

Bilimleriň ykdysadyýetiniň aýratyn tarapy – maddy däl ulgamynyň we hojalyk işiniň maddy däl gurşawynyň çalt ösüşidir. Bilimiň önümçiligi, paýlanylyşy we ulanylyşy täze ykdysadyýetiň esasyny düzýär. Postindustrial ykdysadyýetiň şertlerinde umumy baýlygyň düzüminde fiziki maýanyň (ýygnalan maddy gaznalaryň) paýyna ortaça 16%, tebigy maýanyň paýyna – 20%, adam maýasyna

– 64% düşýär. Ykdysady taýdan has ösen ýurtlarda bolsa, adam maýasynyň paýy milli baýlygyň 80%-e çenli düzýär.

Bilimleriň ykdysadyýetinde alymlar jemgyýetiň häzirki zaman ösüşiniň binýady hökmünde bilimi kesgitleýän birnäçe taglymatlary tapawutlandyrýarlar:

– tebigy resurslar, zähmet we maýa bilen bir hatarda bilimiň esasy önümçilik faktoryna öwrülmegi bilimleriň bazarynyň emele gelmegi;

– innowasiýalaryň ykdysady ösüşiň esasy çeşmesine we kärhanalaryň bäsdeşlige ukyplylygynyň esasy çeşmesine öwrülmegi;

– bilimleriň ykdysadyýetine (bilim, ylmy barlag, tejribe-konstruktorçylyk işleri; maglumat-telekommunikasion tehnologiýalaryň, nanotehnologiýalaryň ösüşi) maýa goýumlaryň artdyrylmagy;

– bilimlere esaslanýan ykdysadyýetiň infrastrukturasy hökmünde täze maglumat-telekommunikasion tehnologiýalaryň ösdürilmegi we ulanylmagy;

– adam maýasyna, bilime hem-de hünärmenleri taýýarlamaga maýa goýumlaryň artdyrylmagy.

Bilimleriň ykdysadyýetiniň ösüş şertlerinde adaty üç bölege bölnen model: “gazyp alyjy pudaklar we oba hojalygy – gaýtadan işleýän senagat – hyzmatlar ulgamy” dört bölekli modele üýtgedi we bu ýerde maglumat önümçiligi goşulýar we aýry bölümi – maglumat bölegini emele getirýär. Şunda jemgyýetçilik önümçiligi çig mal ýa-da zähmet serişdeleriniň sanyndan ybarat bolman, ýokary intellektual adam maýasy, maglumat medeniýeti, bilimleriň bolmagy bilen baglydyr.

Önümçiligiň maddy faktorlary bilen deňeşdirilende olaryň maddy däl faktorlarynyň orny, innowasiýalar, ylmy işläp taýýarlamalar üznüksiz ösýär. Bilimlere esaslanýan ykdysadyýetde baş serişde – bilimi bolan, jemgyýetçilik baýlygyň baş öndürijisi bolup çykyş edýän “intelektuallaryň topary” uly ähmiýete eýe bolýar. Intellektual ykdysadyýetde ykdysady ösüşiň esasy faktory hökmünde innowasiýalary seredip geçmek bilen, ilkinji nobatda innowasiýalar bilimleriň jemgyýetçilik baýlygyna öwrülmeginiň esasy görnüşidigini belläp bolar.

Shemshat Kerimberdieva
(Turkmenistan)

IMPACT OF THE KNOWLEDGE ECONOMY ON THE INNOVATIVE ECONOMIC GROWTH

The knowledge economy formed much later than other sectors of the economy (industry, transport, etc.). Unlike other sciences that study educational problems, the knowledge economy is considered more important than other sectors of the economy. Due to the distinctions characteristic of the knowledge economy, it is

classified as a specialized applied science that studies statistics, accounting, labor economics and other sectoral problems of the economy.

The knowledge economy is defined as an applied science that studies the relationships associated with the production, distribution, exchange and consumption of educational services; determination and analysis of the performance peculiarities of laws and categories of the economy, the content of processes and events occurring in it; and research into and identification of productive forces that influence economic development, and the wellbeing of a society and an individual.

Шемшат Керимбердыева
(Туркменистан)

ВЛИЯНИЕ ЭКОНОМИКИ ЗНАНИЙ НА РОСТ ИННОВАЦИОННОЙ ЭКОНОМИКИ

Экономика знаний сформировалась гораздо позже других отраслей экономики (промышленность, транспорт и т.д. В силу особенностей, характерных для экономики знаний, ее классифицируют в качестве специализированной прикладной науки, изучающей статистику, бухгалтерский учет, экономику труда и другие отраслевые проблемы экономики.

Экономика знаний определяется как прикладная наука, которая изучает отношения, связанные с производством, распределением, обменом и потреблением образовательных услуг; определением и анализом особенностей функционирования законов и категорий экономики, содержания происходящих в ней процессов и событий; исследованием и выявлением производительных сил, влияющих на экономическое развитие, благополучие общества и индивидуума.

Wepa Gurbanow
(Türkmenistan)

TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY SÖWDA DOLANYŞYGYNYŇ GÖRKEZIJILERINI ÇAKLAMAGYŇ USULLARY

Gahryman Arkadagymyzyň ýurdumyzyň daşary ykdysady işini ösdürmek barada öňe süren täzeçilik başlangyçlaryny mynasyp dowam edýän hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda döwletimiziň daşary ýurtlar we halkara guramalary bilen ykdysady gatnaşyklary hemmetaraplaýyn ösýär. Türkmenistanyň

daşary ykdysady işi maksatnamalaýyn esasda ösdürilip, milli ykdysadyýetiň oňyn töleg we söwda deňagramlylygyny üpjün etmek wezipeleri goýlan.

Daşary ykdysady, hususan-da, söwda gatnaşyklarynyň döwlet kadalaşdyryşynda ykdysady usullar möhüm ähmiýete eýedir. Şunuň bilen baglylykda, häzirki wagtda daşary söwda dolanyşygynyň görkezijilerini çaklamagyň usullaryna aýratyn orun berilýär. Bu usullar söwda dolanyşygynyň düzüminde üýtgemeleri öňünden bilmekde, bazaryň ösüşine düşünmekde we esaslandyrylan çözgütleri kabul etmekde syýasatçylar, işewürler we ylmy-barlag merkezleriň alymlary üçin zerur gurallaryň biri bolup durýar.

Daşary söwdany çaklamak üçin düzgün boýunça birnäçe modeller peýdalanylyp, olaryň hersiniň güýçli we gowşak taraplary bolýar. Çaklamagyň esasy modelleriniň hatarynda şulary görkezmek bolar:

1. Agyrlyk (grawitasiýa) modeli. Ýurtlaryň arasynda söwda akymlaryny seljermek we çaklamak üçin giňden peýdalanylýan düzümiň biri. Bu model iki ýurduň arasyndaky söwda möçberiniň olaryň ykdysady ululygyna (köplenç jemi içerki önümi bilen ölçenýär) göni deňagramlylygy hem-de olaryň arasyndaky uzaklyga ters deňagramlylygy görkezýär. Taryhy gatnaşyklary, medeni we dil meňzeşligi, alyş-çalyş pul gatnaşyklary ýaly beýleki görkezijiler hem bu modeliň has çylşyrymly görnüşlerine girizilip bilner.

2. Wagt hatarlaryň seljermesi. Wagt hatarlaryň seljermesi wagtyň geçmegi bilen kanunylygy we meýilleri ýüze çykarmak üçin taryhy söwda maglumatlaryny öwrenmegi öz içine alýar. Öňki maglumatlar esasynda söwdanyň geljekki möçberlerini çaklamak üçin, üýtgäp durýan ortaça, eksponensial sazlama we üýtgäp durýan ortaçanyň integrirlenen awtoregressiýa (ARIMA) modeli ýaly usullar ulanylyp bilner.

3. Ekonometriki modeller. Ekonometriki modellerde söwda akymlary bilen dürli ykdysady görkezijileriň arasyndaky özara baglanyşygy bahalandyrmak üçin statistiki usullar ulanylýar. Söwdanyň netijelerini çaklamak üçin bu modeller alyş-çalyş pul gatnaşyklaryny, tarifleri, girdejileriň derejelerini we söwda syýasaty ýaly görkezijileri öz içine alýar.

4. Hasaplanylýan umumy deňagramlylyk modelleri. Dürli pudaklaryň we agentleriň (düzümleriň) arasyndaky özara gatnaşyklary göz öňünde tutup, sebitiň ýa-da ýurduň tutuş ykdysadyýetiniň modelini gurýar. Bu modelleri söwda syýasatynda üýtgemeleri, mysal üçin, nyrhlaryň (tariflerіň) we söwda ylalaşyklarynyň söwdanyň umumy möçberine, bahalaryna we hal ýagdaýyna ýetirýän täsirini bahalandyrmak üçin ulanylyp bilner.

5. Maşyn öwreniş modeli. Uly maglumatlaryň elýeterliliginiň we hasaplaýyş güýjüniň barha artmagy bilen, söwdany çaklamakda maşyn öwreniş usullary ulanylýar. Neýron torlary, tötänleýin gurşaw we direg wektor maşynlary ýaly

algoritmler çylşyrymly kanunylygy ýüze çykarmak we geljekki söwda meýilleri barada çaklamalary etmek üçin uly maglumatlar toplumyny seljerip biler.

6. Agent esasly modeller. Agent esasly modeller, söwda ulgamynyň içinde aýry-aýry agentleriň (meselem, kärhanalar, sarp edijiler) özüni alyp barşyny we olaryň özara gatnaşyklarynyň umumy söwda modeline getirişini gurýar. Bu modeller ýüze çykýan hadysalary we adaty modelleriň sypdyryp biläýjek çyzykly däl hereketini görkezip biler.

7. "Harçlama-çykarma". Ykdysadyýetiň dürli pudaklarynyň arasyndaky özara baglanyşygy seljerýär we bir pudakdaky üýtgemeleriň (mysal üçin, önümçilik) baglanyşykly pudaklaryň söwdasyna (mysal üçin, ulag, çig mal) nähili täsir edip biljekdigini çaklamak üçin ulanylyp bilner.

Her bir çaklama modeliniň öz artykmaçlyklary we çäklendirmeleri bar. Modeli saýlamaklyk maglumatlaryň elýeterliligi, seljerilýän söwda gatnaşyklarynyň çylşyrymlylygy we çaklamanyň anyk maksatlary ýaly görkezijilere baglydyr. Tejribede birnäçe modelleri birleşdirmek ýa-da sazlaşykly usullary ulanmak, köplenç, has ygtybarly we takyk çaklamalary döredýär.

Ýokary açyklygy bilen tapawutlanýan Türkmenistanyň ykdysadyýeti daşary söwda dolanyşygynyň netijeleri bilen düýpli baglanyşyklydyr. Şunuň bilen baglylykda, esasy maksady – ylmy taýdan esaslandyrylan Türkmenistanyň daşary söwda görkezijileriniň gysga, orta we uzak möhlet üçin çaklamalaryny gurmakdan ybarat bolan, barlaglary geçirmek wajyp ähmiýete eýedir.

Bu ugurda ylmy-barlag işleri geçirilip, geçirilen deslapky barlaglar arkaly şu netijeler alyndy:

– Daşary söwda bilen esasy makroykdysady görkezijileriň özara baglanyşygy we ykdysady ösüşe daşary söwdanyň täsiriniň häsiýetleri tassyklanyldy.

– Şunuň bilen bir hatarda, kämilleşdirmegiň şu ugurlary wajyp ähmiýete eýe bolup durýar:

– Ykdysady ösüşiň hereket etmeginiň şertleriniň üýtgemegini nazara alýan täze görnüş modellerini işläp taýýarlamak.

– Halkara maliýe guramalarynyň maslahatlaryna esaslanýan we ozalky ähmiýetleri hasaba alýan çaklaýyş modeller çemeleşmeleriniň utgaşdyrylmagyny üpjün edýän daşary söwda görkezijilerini gysga möhlet üçin çaklamagyň integrirlenen ykdysady-matematiki modeller ulgamyny işläp taýýarlamak.

Umuman, bu ugurdan düýpli barlaglary dowam edip, alnan netijeleri ykdysady ösüşi has-da höweslendirmek maksady bilen, taýýarlanyljak döwletiň daşary söwda syýasatynyň maksatnamalarynda ulanmak bolar.

Vepa Gurbanov
(Turkmenistan)

METHODS FOR FORECASTING FOREIGN TRADE INDICATORS OF TURKMENISTAN

Forecasting models of trade are essential tools for businesses, policymakers, and researchers to anticipate changes in trade patterns, understand market dynamics, and make informed decisions. Several methods and models used to forecast foreign trade are considered.

Each forecasting model has its advantages and limitations, and the choice of model depends on factors such as the availability of data, the complexity of the trade relationships being analyzed, and the specific objectives of the forecast. **C**onclusions drawn from the analysis of the results of forecasting models of trade of Turkmenistan are given.

Вепа Гурбанов
(Туркменистан)

МЕТОДЫ ПРОГНОЗИРОВАНИЯ ПОКАЗАТЕЛЕЙ ВНЕШНЕЙ ТОРГОВЛИ ТУРКМЕНИСТАНА

Модели прогнозирования торговли являются важными инструментами для бизнеса, политиков и исследователей, позволяющими предвидеть изменения в структуре торговли, понимать динамику рынка и принимать обоснованные решения. Рассмотрены несколько методов и моделей, используемых для прогнозирования внешней торговли.

Каждая модель прогнозирования имеет свои преимущества и ограничения и выбор модели зависит от таких факторов как доступность данных, сложность анализируемых торговых отношений и конкретные цели прогноза. Приведены выводы, сделанные на основе анализа результатов моделей прогнозирования системы торговли Туркменистана.

Abdykerim Muhanow
(Türkmenistan)

MALIÝE ULGAMYNYŇ YLMY TAÝDAN KESGITLENILIŞI

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň durmuşa geçirýän üstünlikli döwlet syýasaty netijesinde ýurdumyzyň ylym ulgamy düýpgöter özgerip, halkara standartlaryň derejesine ýetirildi. Ylym – hakykat hakda obýektiw bilimleri ösdürmäge we tertipleşdirmäge gönükdirilen işdir. Bu iş maglumatlary ýygnamak, yzygiderli täzelemek, ulgamlaşdyrmak we tankydy derňew arkaly amala aşyrylýar. Maliýe ulgamy ylmyň ugur hökmünde maliýe serişdeleriniň emele gelşiniň, paýlanylyşynyň we peýdalanylyşynyň esasynda jemgyýetçilik gatnaşyklaryny öwrenýär, maliýe gatnaşyklarynyň kämilleşdirilişiniň kanunalaýyklygyny üpjün edýär. Maliýe ylmy baradaky düşünje kämilleşdirilýär, jemgyýetçilik durmuşynyň hakykatlaryna laýyklykda täze mazmun bilen üsti ýetirilýär.

Ylmy we okuw-usulyýet edebiýatlarynda "maliýe ulgamy" düşünjesiniň kesgitlenilişine dürli-dürli çemeleşmeler bar. Ol "ulgam" diýilýän düşünjäniň mazmunynyň görnüşleriniň köpsanlylygy bilen baglanyşykly bolmagy mümkindir. Uly rusça-türkmençe sözlükde ulgam "düzgün", "tertip", "gurluş" diýlip düşündirilýär. Umuman aýdanyňda, ulgam – bu "näme bolsa-da bir zadyň gurluşy" we "öz ýerine ýetirýän wezipeleri boýunça birmeňzeş guramalaryň jemi ýa-da bir bitewi gurluşa birleşdirilen edaralar" ýa-da "jemgyýetçilik gurluşynyň görnüşi". Maliýe ulgamyna "gurluşyň görnüşi" ýa-da "guramalaryň jemi" hökmünde garalýar. Mysal üçin, Amerikanyň görnükli ykdysatçysy J.Wan Horn maliýe ulgamyny firmalara, raýatlara, şeýle hem hökümete öz hyzmatlaryny amal edýän aýry-aýry edaralaryň we bazarlaryň jemi hökmünde kesgitleýär. Rus alymy L.A.Drobozinanyň pikirine görä, maliýe ulgamy maliýe gatnaşyklarynyň aýry-aýry çygyrlarynyň jemidir, olaryň esasynda pul serişdeler gaznalary emele gelýär we peýdalanylýar. Biziň pikirimizçe maliýe ulgamyna "Maliýe ulgamy – bu hojalygy alyp barýan subýektleriň, öý hojalyklarynyň we döwletiň pul serişdeler gaznasynyň dürli usullar we görnüşde paýlanylyş döwründe ýüze çykýan pul gatnaşyklarynyň jemidir" diýip kesgitleme berilse maksadalaýyk bolar.

Maliýe ulgamyny hojalygy alyp barýan subýektlerde girdejileriň emele gelşiniň usullaryna laýyklykda, merkezleşdirilen maliýe (jemagat maliýesi) we merkezleşdirilmedik maliýe (ykdysady subýektleriň we öý hojalyklarynyň maliýesi) ulgamlaryna bölmek maksadalaýykdyr. Pul gatnaşyklarynyň gurluşynyň görnüşi hökmünde maliýe ulgamyny üç kiçi ulgama bölmek bilen, olar: a) ykdysady subýektlerde; b) ilatda; ç) döwletde we öz-özüni dolandyryş edaralarynda maliýe serişdeleriniň emele gelşini we peýdalanylyşyny üpjün edýärler. Bu kiçi ulgamlar anyk ykdysady subýektlerde pul serişdeleriniň emele gelşiniň we peýdalanylyşynyň mehanizmine laýyklykda aýry-aýry düzümlere bölünýärler.

Merkezleşdirilen maliýä býujet ulgamy we döwlet karzy degişlidir. Türkmenistanyň Býujet Kodeksiniň 1-nji maddasynyň 26-njy böleginde Türkmenistanyň býujet ulgamy ähli derejedäki býujetleriň ykdysady gatnaşyklaryna we Türkmenistanyň döwlet gurluşyna esaslanýan jemi hökmünde kesgitlenilýär. Býujet ulgamynyň maliýe serişdeleri döwlet eýeçiliginiň ýa-da ýerli öz-özüni dolandyryş edaralarynyň ygtyýarlygyndadyr. Türkmenistanyň býujet ulgamynyň işi Türkmenistanyň Býujet Kodeksi bilen tertipleşdirilýär.

Merkezleşdirilmedik maliýe, maliýe ulgamynyň bölegidir, sebäbi hut şu çygyrda döwletiň maliýe serişdeleriniň aglaba bölegi emele gelýär. Bu serişdeleriň bir bölegi maliýe hukugynyň ölçeglerine laýyklykda ähli derejedäki býujetleriň we býujetden daşarky gaznalaryň girdejilerine gaýtadan paýlanylýar. Şonuň bilen birlikde, bu serişdeleriň aglaba bölegi býujet guramalarynyň maliýeleşdirilmegine, subwensiýalar we subsidiýalar görnüşinde täjirçilik kärhanalaryna gönükdirilýär, şeýle hem ilata durmuş transfertleri (pensiýalar, kömek pullary, talyp haklary we ş.m.) görnüşde gaýtarylyp berilýär. Öý hojalyklarynyň maliýesi salgyt töleglerini we döwletiň tölege ukyplylygy babatdaky isleglerini üpjün etmekde, merkezleşdirilen maliýäni berkitmekde möhüm orny eýeleýär. Ilatyň girdejisi näçe köp bolsa, şonça hem maddy we maddy däl naz-nygmatlara islegler köpelýär, ykdysadyýeti hem-de durmuş çygyrlaryny ösdürmek üçin has uly mümkinçilikler ýüze çykýar.

Abdykerim Muhanov
(Turkmenistan)

SCIENTIFIC DEFINITION OF THE FINANCIAL SYSTEM

The financial system as a field of science studies social relations based on the formation, distribution, and use of financial resources, ensuring the legality of improving financial relations. The concept of financial science is developing, it is being filled with new content according to the realities of public life. In our opinion, it would be appropriate to define the financial system as “the sum of monetary relations arising from the distribution of funds of economic entities, households and the state by various methods and means”. The financial system can be divided into centralized financial (public finance) and decentralized financial (finance of business entities and households) systems according to the methods of generating income for business entities.

Абдыкерим Муханов
(Туркменистан)

НАУЧНОЕ ОПРЕДЕЛЕНИЕ ФИНАНСОВОЙ СИСТЕМЫ

Финансовая система как область науки изучает общественные отношения, основанные на формировании, распределении и использовании финансовых ресурсов и обеспечивает законность совершенствования финансовых отношений. Концепция финансовой науки совершенствуется, наполняется новым содержанием согласно реалиям общественной жизни. На наш взгляд, было бы целесообразным определить финансовую систему как “сумму денежных отношений, возникающих при распределении денежных средств хозяйствующих субъектов, домохозяйств и государства различными методами и способами”. Финансовую систему целесообразно разделить на централизованную финансовую (общественные финансы) и децентрализованную финансовую (финансы хозяйствующих субъектов и домохозяйств) системы по методам получения доходов хозяйствующих субъектов.

Kakageldi Hümmäýew
(Türkmenistan)

DURMUŞ HYZMATLARYNY SANLYLAŞDYRMAK

Durmuş hyzmatlarynyň düzümini we hilini kämilleşdirmek “Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasynyň” maksatlarynyň hatarynda kesgitlenendir. Durmuş hyzmatlary oňa mätäç hökmünde ykrar edilen adamlara döwlet we döwlete degişli däl durmuş taýdan hyzmat edýän edaralar tarapyndan amala aşyrylyp bilner.

Sanly ykdysadyýetiň ösüş meýillerini nazara almak bilen, durmuş hyzmatlaryny sanlylaşdyrmak:

– raýatlaryň durmuş goraglylygyny, iş üpjünçiligini we ýaşaýyş-durmuş derejesini gowulandyrmaga, adam maýasyny ösdürmäge;

– innowasion ykdysadyýetiň ylmy jemgyýetiň ähli hyzmat ediş çäklerinde ulanmaga gönükdirilen maksadyny berjaý etmäge;

– durmuş töleglerini amala aşyrmak üçin awtomatlaşdyrylan ulgamyň mümkinçiliklerini artdyrmaga;

– durmuş hyzmatlarynyň düzümini we hilini kämilleşdirmäge;

– uly göwrümli maglumatlardan peýdalanyp jemgyýetçilik durmuşynyň dürli ugurlaryna sanly ulgamy ornaşdyrmaga;

– ilaty durmuş taýdan goramak hyzmatlaryny sanly ulgam arkaly ýerine ýetirmäge we olaryň gerimini giňeltmäge gönükdirilen wezipeleri durmuşa geçirmekde ähmiýetlidir.

Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň resmi internet web-saýtynyň binýadynda (http://mlsp.gov.tm) "Türkmenistanyň ilatynyň iş bilen üpjünçiligi" atly portal hereket edýär. Bu portalda kärhanalar, edaralar we guramalar, şeýle hem aýry-aýry fiziki şahslar – hususy telekeçiler boş iş orunlary üçin zerur hünärmenler we işçiler barada maglumatlary ýerleşdirýärler. Hasaba alnan iş gözleýänleriň maglumatlar bilen tanşyp, iş berijiler bilen gös-göni habarlaşmagy innowasion tehnologiýalary hyzmatlar ulgamyna ornaşdyrmagyň netijesidir.

Maglumat–telekommunikasiýa tehnologiýalaryny ulanmak esasynda durmuş hyzmatlarynyň ýola goýulmagy:

1. Döwlet edaralarynyň arasynda gatnaşyklaryň innowasion görnüşlerini döredýär.

2. Işewürlik we maýa goýum işjeňligini ýokarlandyrýar.

3. Döwlet hyzmatlarynyň ilata we işewürlige hödürlenmegini işjeňleşdirýär

4. Raýatlaryň öz-özüňe hyzmat etmek mümkinçilikleriniň giňelmegine ýardam berýär;

5. Adamlaryň tehnologik habarlylygyny we sanly sowatlylygyny ýokarlandyrýar;

6. Geografiki ýerleşýän ýeri bilen bagly faktoryň täsir etmegini peseldýär;

7. Jemgyýet bilen hökümetiň özara baglanyşykly gatnaşyklarynyň düýpli özgermegine getirýär.

Milli elektron kommunikasiýa ulgamlarynyň döwrebaplaşdyrylmagy bilen, ýurdumyzda internet akymlarynyň möçberi yzygiderli artýar we raýatlaryň sanly hyzmatlara bolan isleglerini kanagatlandyrmak boýunça işler dowam etdirilýär. Sanly ykdysadyýeti ösdürmäge, maglumat–telekommunikasiýa tehnologiýalaryny ornaşdyrmaga, sanly hyzmatlary yzygiderli artdyrmaga gönükdirilen çäreler durmuşa geçirilýär.

Sanly hyzmatlaryň täze görnüşleriniň hatarynda "Türkmenawtoulaglary" agentligi tarapyndan hususy kärhanalar bilen bilelikde işe girizilen "Duralga" atly mobil goşundyny görkezmek bolar. Mundan başga-da, milli elektron kommunikasiýalar ulgamlarynyň sanyny artdyrmak maksady bilen, "Türkmenaragatnaşyk" agentliginiň önümçilik binýadynda täze "Belet Video" hyzmaty işe girizildi we onda ylmy-okuw, aýdym-saz, okuw materiallary, habarlar, dokumental filmler ýaly dürli wideolaryň yzygiderli üstüniň ýetirilmegi ýola goýuldy. Ýurdumyzda milli "Elektron hökümet" ulgamyny emele getirmekde hem täze çemeleşmelerden ugur alynýar.

Kakageldy Hummeyev
(Turkmenistan)

DIGITALIZATION OF SOCIAL SERVICES

Improving the structure and quality of social services is specified as one of the goals outlined in the "Concept of the development of the digital economy in Turkmenistan in 2019–2025". As far as the national electronic communication systems are upgraded, measures are implemented to continuously expand the range of digital services.

Organizing social services based on the application of information and telecommunication technologies creates innovative forms of relations between government agencies, enhances business and investment activity, promotes the provision of public services to the population and business, contributes to expanding the self-service opportunities of citizens, improves technological awareness and digital literacy of people, and reduces the impact of the geographical location factor.

Какагельды Хуммеев
(Туркменистан)

ЦИФРОВИЗАЦИЯ СОЦИАЛЬНЫХ УСЛУГ

Совершенствование структуры и качества социальных услуг определено как одна из целей "Концепции развития цифровой экономики в Туркменистане в 2019–2025 годах". С модернизацией национальных электронных коммуникационных систем реализуются меры, направленные на постоянное расширение спектра цифровых услуг.

Налаживание социальных услуг на основе использования информационных и телекоммуникационных технологий создает инновационные формы отношений между государственными органами, повышает деловую и инвестиционную активность, стимулирует оказание государственных услуг населению и бизнесу, способствует расширению возможностей самообслуживания граждан, улучшает технологическую осведомленность и цифровую грамотность людей, уменьшает влияние фактора географического положения.

Serdar Döwletow, Aýmämmet Annaorazow
(Türkmenistan)

HOJALYK HASAPLAŞYGYNDAKY YKDYSADY SUBÝEKTLERIŇ BUHGALTERÇILIK HASABA ALNYŞYNYŇ SANLY ULGAMLARDAKY ESASY UGURLARY

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň parasatly başlangyçlary esasynda, hormatly Prezidentimiz Gahryman Arkadagly Serdarymyzyň ýadawsyz tagallalary netijesinde ýurdumyzda sanly ykdysadyýeti işjeňleşdirmek, ylmyň we tehnikanyň iň soňky gazananlaryna daýanýan döwrebap maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalaryna esaslanýan ösen ykdysadyýeti kemala getirmek, innowasion, bäsleşige ukyplylygy ösdürmek boýunça netijeli işler üstünlikli amal edilýär. Munuň aýdyň subutnamasy bolup, Türkmenistanyň Prezidentiniň karary bilen kabul edilen "Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasynda" göz öňüne tutulan wezipeleriň netijeli amala aşyrylmagyny gazanmak maksady bilen, "Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021–2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynyň" tassyklanmagy çykyş edýär.

Kabul edilen resminamalara laýyklykda, ykdysadyýetiň sanlylaşdyrylmagy, maglumat–aragatnaşyk tehnologiýalarynyň ösdürilmegi göz öňünde tutulýar. Bu ugurda alnyp barylýan işleriň çäklerinde hereket edýän kanunçylyk we kadalaş-dyryjy hukuknamalaryň binýady berkidilýär. Bu möhüm strategik wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmekde dürli hojalyk birlikleriň ykdysady düzümleri, şol sanda onuň wajyp bölegi bolan salgyt-býujet, buhgalterçilik hasaba alnyşy we maliýe hasabatlylygy hem-de bank hyzmatlary aýratyn üns berilýän ugurlara degişli bolup durýar.

Hojalyk hasaplaşygyndaky ykdysady subýektleriň maliýe hojalyk işiniň esasy bölegi buhgalterçilik hasaba alnyşy bolup durýar. Buhgalterçilik hasaba alnyşy ähli hojalyk amallaryny göni, üznüksiz we resminamalaýyn hasaba almak ýoly bilen, kärhananyň bergileri we olaryň hereketi hakynda pulda aňladýan maglumatlary ýygnamagyň, hasaba almagyň hem-de umumylaşdyrmagyň tertiplenen ulgamyny aňladýar. Bu amallaryň we maglumatlaryň kagyz göterijilerde alnyp barylmagy bolsa öz gezeginde käbir oňaýsyzlyklary döredýär. Şonuň üçin hem, kärhananyň işini dolandyrmagyň awtomatlaşdyrylan ulgamlarynda ýola goýmak häzirki d öwrüň wajyp meseleleriniň biri bolup durýar.

Häzirki wagtda, buhgalterçilik hasaba alnyşyny kompýuter ulanmazdan alyp barmagy göz öňüne-de getirmek kyn. Ýagny ykdysady subýektler iň azyndan "MS Excel" programmasynyň kömegi bilen özüniň hojalyk işiniň hasaplaryny alyp barýarlar. Buhgalterçilik hasaba alnyşyny sanly ulgamlarda ýöretmek bilen, buhgalter hünärmeni özüniň käbir wezipelerini ýörite kompýuter programmasy arkaly ýerine ýetirýär. Mysal üçin, kompýuter programmasynyň kömegi bilen salgytlary, zähmet haklaryny hasaplamak, resminamalary awtomatlaşdyrylan usullarda doldurmak ýaly işleri ýerine ýetirilýär.

Sanly tehnologiýalara esaslanýan ykdysady subýektleriň işi, adatça, olary ulanmaýan beýleki subýektleriňkiden has netijeli bolýar. Maglumatlaryň bir bitewi binýadynyň döredilmegi we bir ýerde saklanmagy maliýe hasabatlylygynyň toplumyny taýýarlamaga amatly şertleri döredýär we wagty tygşytlaýar.

Ýurdumyzda ykdysady subýektler tarapyndan buhgalterçilik hasaba alnyşyny alyp barmaklyk we maliýe hasabatlylygyny taýýarlamaklyk birnäçe sany kompýuter programmalarynyň üsti bilen ýöredilýär. Olardan mysal hökmünde, "1C Buhgalterçilik hasaby" we "Ak hasap" ýaly kompýuter programmalaryny görkezmek bolar. Häzirki wagtda ýurdumyzyň ykdysady subýektleri tarapyndan ulanylýan programmalaryň biri bolan "1C Buhgalterçilik hasaby" programmasy, Russiýa Federasiýasynyň "1C" kompaniýasynyň önümi bolup, bu kompaniýa 1991-nji ýyldan bäri öz işini alyp barýar. Bu programma hasaby, resminamalary doldurmagyň salgyt we beýleki hasabatlary ýöretmek hem-de kärhananyň ýagdaýyny seljermek işlerini amala aşyrmaklygy ýeňilleşdirilen görnüşinde ýöretmekligi üpjün edýär. Ýene-de ýurdumyzda ulanyjylar tarapyndan köp peýdalanylýan programmalaryň biri hem "Ak hasap" programmasy, ol "Ak hasap" hususy kärhanasynyň önümi bolup, programmada buhgalterçilik hasaba alnyşyny alyp barmakda hasap programmasynyň dürli wezipelerini hödürleýär, ýagny algy-bergileriň hasaplamalaryny, kassa amallarynyň görnüşlerini we ş.m. beýleki hyzmatlaryň görnüşlerini hödürleýär.

Hojalyk hasaplaşygyndaky ykdysady subýektleriň maliýe-hojalyk işleriniň sanly ulgamlarda ýöredilmegi, olaryň hasap işlerini alyp barmakda sarp edilýän wagtyň tygşytlanmagyna, kagyz resminamalarynyň aýlanyşygynyň azalmagyna, şeýle hem maglumatlaryň howpsuzlygyny üpjün etmeklige özüniň oňyn täsirini ýetirýär. Bu bolsa öz gezeginde ykdysady subýektlerde sanly ulgamlaryň ösdürilmegi, olar üçin uly mümkinçilikleri üpjün eder.

Serdar Dovletov, Aymammet Annaorazov
(Turkmenistan)

BASIC WAYS TO CONDUCT ACCOUNTING OF SELF-FINANCING ECONOMIC ENTITIES IN DIGITAL SYSTEMS

Guiding by the wise initiatives of the National Leader of the Turkmen people, Hero-Arkadag, and thanks to the tireless efforts of the President of Turkmenistan, Hero Arkadagly Serdar, the effective work is successfully implemented in the country to activate digital economy, create an advanced economy on the basis of modern information and communication technologies based on the latest achievements of science and technology, and develop innovative and competitive ability. The approving "The State Programme for Development of the Digital Economy in Turkmenistan for 2021–2025" with purpose of achieving the effective implementation of the objectives envisaged in the "Concept for the Development of the Digital Economy in Turkmenistan in 2019–2025", adopted according the Resolution of the President of Turkmenistan, is a vivid proof of this.

Presently, it is difficult to imagine accounting (bookkeeping) without the use of computers. In other words, the economic entities keep the accounts of their economic activities at least with the help of the MS Excel Software Programme. By keeping accounting records in digital systems, a professional accountant performs some of his tasks through a special software programme. For example, with the help of the computer programme, he performs such tasks as calculating taxes, wages, and carrying on paperwork in automated ways.

Сердар Довлетов, Аймаммет Аннаоразов
(Туркменистан)

ОСНОВНЫЕ СПОСОБЫ ВЕДЕНИЯ БУХГАЛТЕРСКОГО УЧЁТА ХОЗРАСЧЁТНЫХ ЭКОНОМИЧЕСКИХ СУБЪЕКТОВ В ЦИФРОВОЙ СИСТЕМЕ

Благодаря мудрым инициативам Национального лидера туркменского народа Героя-Аркадага и неустанным усилиям уважаемого Президента Аркадаглы Героя Сердара в стране ведётся эффективная работа по активизации цифровой экономики, созданию, инновационному развитию и повышению конкурентного потенциала экономики, основанной на современных информационно-коммуникационных технологиях, новейших достижениях

науки и техники. Тому наглядное свидетельство – Государственная программа развития цифровой экономики в Туркменистане на 2021–2025 годы. Программный документ нацелен на эффективное решение задач, указанных в утверждённой Постановлением Президента Туркменистана Концепции развития цифровой экономики в Туркменистане в 2019–2025 годах.

Сегодня трудно представить бухгалтерию без использования компьютеров. Иными словами, экономические субъекты ведут свою отчётность хозяйственной деятельности как минимум с помощью программы MS Excel. Ведя бухгалтерский учёт в цифровых системах, профессиональный бухгалтер выполняет часть своих задач посредством специальной компьютерной программы. Например, с помощью компьютерной программы он выполняет такие задачи как расчёт налогов, заработной платы и заполнение документов автоматизированными способами.

Aýkamar Mälikgulyýewa
(Türkmenistan)

TEHNIKI REGLAMENTLERDE WE STANDARTLARDA ÖNÜME BILDIRILÝÄN TALAPLAR

Türkmenistanda tehniki kadalaşdyrma ulgamynyň özgerdilmegini üstünlikli amal etmek üçin, ilkinji nobatda, öňdebaryjy daşary ýurt tejribesini seljermek maksadalaýyk bolardy. Dünýäde tehniki kadalaşdyrma ulgamlarynyň netijelileriniň we şol ugurda ygtyýarly we halkara guramalary tarapyndan makullanylan gurluş ulgamy bäş sany esasy düzüm böleginden ybarat bolup durýar. Olara, tehniki reglamentler (tehniki kadalaşdyryjy hukuknamasy), laýyklyga baha bermek, akkreditasiýa, dolanyşykdaky önümlere döwlet (barlagy) gözegçiligi we metrologiýa (ölçegleriň birligi) degişlidir.

Tehniki reglamentde önüme ýa-da önümiň howpsuzlygyna täsir edýän amallary ýerine ýetirmekde hökmany talaplar kesgitlenilýär. Önüme bildirilýän talaplara raýatlaryň ömrüni, saglygyny, döwlet we gaýry emlägini goramagy üpjün etmek, daşky gurşawy goramak, aldaw tejribesiniň öňüni almak, milli howpsuzlygy üpjün etmek degişlidir. Tehniki reglamentler işewürler üçin kabul ederlikli we sarp edijileri kanagatlandyrýan iň az möçberli howpsuzlyk talaplaryny kesgitleýärler. Tehniki reglamentde laýyklyga hökmany baha bermegiň kadalary we amallary kesgitlenilýär. Laýyklyga hökmany baha bermek iki görnüşde, ýagny hökmany sertifikatlaşdyrmak ýa-da laýyklygy deklarirlemek görnüşlerinde ýerine ýetirmek mümkindir.

Türkmenistanda standartlar we tehniki şertler tehniki reglamentleriň ornuny tutýar, ýagny ýerine ýetirilmegi hökmany bolup durýar. Şol bir wagtyň özünde, ýurtda tehniki reglament görnüşli resminamalar ulanylmaýar.

Standartlarda standartlaşdyrmagyň obýektlerine (önümlere, işlere, hyzmatlara, amallara, menejment ulgamyna, işgärlere we beýlekilere) bolan meýletin talaplar kesgitlenilýär. Şu ýerde, aýratyn tertipde kabul edilen standartlaryň tehniki reglamentleriň hyzmatyny ýerine ýetirip bilýändigini, meýletin standartlaryň bolsa, tehniki reglamentleriň talaplarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün edip bilýändigini bellemek mümkindir.

Sertifikatlaşdyrmak öndürijä we sarp edijä (sargytça) garaşly bolmadyk sertifikatlaşdyrmak boýunça ygtyýarly edara tarapyndan ýerine ýetirilýär. Sargytça laýyklyk sertifikatynyň berilmegi, sertifikatlaşdyrmagyň netijesi bolup durýar. Laýyklygy sertifikatlaşdyrmak sargytçydan (öndürijiden, iberijiden, ýerine ýetirijiden) alnan sargydyň esasynda, sertifikatlaşdyrmak boýunça ygtyýarly edara tarapyndan amala aşyrylýar.

Laýyklyga hökmany baha bermeklik bazara çykarylýan önümiň (hyzmatyň (işiň) hökmany talaplara laýyklygynyň garaşsyz barlagyny geçirmek üçin amal edilýär. Laýyklygy deklarirlemek deklarantyň (öndürijiniň ýa-da iberijiniň) kesgitlenen talaplaryň bozulmagy üçin göni jogapkärçiligini açyp görkezmekde, bazara girmek bilen baglylykda telekeçilik işiniň subýektleriniň harajatlaryny azaltmakda laýyklygy tassyklamagyň has netijeli görnüşi hasaplanýar.

Hökmany sertifikatlaşdyrmaga garanyňda, laýyklygy deklarirlemek kärhanalara ep-esli arzan düşýär, munuň özi, birinjiden, önümiň bahasyny ýokarlandyrmagyň zerurlygyny aradan aýyrýar, ykdysadyýetde puluň hümmetsizlenmeginiň depginini göz öňünde tutanyňda örän möhüm ähmiýete eýedir; ikinjiden, girdejiniň möçberiniň artmagy we kärhananyň sertifikatlaşdyrylmaga sarp edilmedik maliýe serişdeleriniň ýüze çykmagy we şol serişdeleri maýa goýum maksatlary üçin gönükdirmäge zerur şertleri döredýär.

Laýyklygyň deklarirlenmegi sargytçy tarapyndan özbaşdak ýa-da üçünji taraplary (akkreditirlenen synag barlaghanasyny ýa-da sertifikatlaşdyrmak boýunça ygtyýarly edarany) çekmek arkaly kabul edilýär.

Hökmany sertifikatlaşdyrmagyň we deklarirlemegiň obýektleri tehniki reglamentlerde kesgitlenilýär. Önümler, hyzmatlar (işler) hökmany sertifikatlaşdyrmagyň we deklarirlemegiň obýektleri bolup çykyş edýärler. Şu ýerde, Bütindünýä söwda guramasynyň talaplaryna laýyklykda, laýyklyga hökmany baha bermegiň obýektleri bolup önüm durmalydyr, sebäbi ýurtlaryň arasynda hut önümler dolanyşykda bolýar diýlip hasaplanýar.

Aikamar Myalikgulyeva
(Turkmenistan)

PRODUCT REQUIREMENTS IN TECHNICAL REGULATIONS AND STANDARDS

Technical regulations define mandatory requirements for performing operations that affect products or their safety. Product requirements relate to protecting the life and health of citizens, state and other property, environment preservation, preventing fraud and maintaining national security. Technical regulations specify minimum safety requirements that are acceptable to businesses and satisfy consumers. Technical regulations contain the rules and procedures for mandatory conformity assessment. Mandatory conformity assessment can be carried out in two ways, namely, mandatory certification or declaration of conformity.

Айкамар Мяликгулыева
(Туркменистан)

ТРЕБОВАНИЯ К ПРОДУКЦИИ В ТЕХНИЧЕСКИХ РЕГЛАМЕНТАХ И СТАНДАРТАХ

Технический регламент определяет обязательные требования к выполнению операций, влияющих на продукцию или ее безопасность. Требования к продукту имеют отношение к защите жизни и здоровья граждан, государственного и иного имущества, охране окружающей среды, предотвращению махинаций и обеспечению национальной безопасности. Технические регламенты определяют минимальные требования безопасности, которые являются приемлемыми для бизнеса и удовлетворяют потребителей. В техническом регламенте определяются правила и процедуры обязательной оценки соответствия. Обязательная оценка соответствия может выполняться двумя способами, а именно, обязательной сертификацией или декларированием соответствия.

Tahyr Berdiýew,
(Türkmenistan)

SANLY YKDYSADYÝET ŞERTLERINDE YLMY SPORT BILIMI BOÝUNÇA SANLYLAŞDYRMAK

Türkmenistanyň hormatly Prezidentiniň başda durmagynda ata Watanymyzyň sport ulgamy döwrüň täze gazananlary bilen barha kämilleşýär. Ýurdumyzda köpçülikleýin bedenterbiýäni we ýokary netijeli sporty ösdürmek, sport ulgamy üçin ýokary derejeli hünärmenleriň, ussat ýokary derejeli türgenleriň, tälimçileriň taýýarlygyny kämilleşdirmek babatda hem giň gerimli işler alnyp barylýar. Halkara ölçeglerine gabat gelýän döwrebap köpugurly stadionlaryň we beýleki möhüm sport desgalarynyň gurluşygy boýunça ähmiýetli taslamalar durmuşa geçirilýär.

Hormatly Prezidentimiz bilim ulgamynda häzirki zaman bilimlerini we ylymlaryny düýpli özleşdirýän ýokary derejeli hünärmenleri hem-de alymlary taýýarlamak üçin ähli şertleri döredýär.

Bilimlere we innowassiýalara daýanyp, dünýäniň ösen ýurtlarynyň derejesinde ykdysadyýetimizi döwrebap ýagdaýa getirýär.

Şu günki gün häzirki zaman jemgyýetiň ösüşi sanly ulgama geçişiň global meseleleri (prosesleri) bilen bagly. Ägirt uly ätiýaçly mümkinçilikleri we möhüm nazaryýeti bar bolan şertlerinde Türkmenistanyň ykdysadyýeti Garaşsyzlyk ýyllarynda ösüşe tarap gadamly ädimler etdi. Häzirki gün hem ýurt täze pudaklary döretmek we öňki bar bolan pudaklary ösdürmek bilen, öz ykdysadyýetini ösüşe tarap ugrukdyrýar. Döwlet maksatnamalary, ösüş strategiýalary (ýörelgeleri), milli ykdysadyýetiň we senagat pudaklarynyň sanly ulgama geçirilmeginiň höweslendirilmegi häzirki wagtda dünýäniň dürli ýurtlarynda, şeýle hem halkara derejesinde işlenilip taýýarlanylýar we durmuşa geçirilýär.

Bedenterbiýe we sport ulgamynyň birnäçe ugurlary bar: hünärmenleriň ýokary derejede taýýarlanylmagy, taýýarlyk we ýaryş işleri, sportdaky dolandyryş, olimpiýa hereketi. Ýurduň bedenterbiýe we sport ulgamynyň ugurlarynyň her biri sanly ulgama geçiş prosesiniň aýratynlyklaryny öz içine alýar. Şular ýaly hünärmenleriň ýokary derejede taýýarlanmagy dürli derejeli hünär okuw jaýlarynda: mekdeplerde, ýokary okuw jaýlarynda amala aşyrylýar.

2019–2025-nji ýyllarda Türkmenistanda sanly ulgamy ösdürmegiň Konsepsiýasy sanly bilim gurşawyny döretmek, onlaýn okuw prosesiniň elýeterligi, okuwyň şahsy bilim traýektoriýasynyň üpjün edilmegi ýaly wezipeleri öz içine alýar.

Bu Konsepsiýanyň ykrar edilmegi gönüden-göni ykdysadyýetde bolup geçýän üýtgeşmeler – sanly formata işjeň geçiş bilen bagly. Bilim ulgamyna sanly

ulgam tehnologiýasynyň girizilmegi okuw işinde täze usullaryň (enjamlaryň) döredilemegini öz içine alýar.

Ykdysadyýetden başlanýan sanly ulgama geçiş prosesi adamzat durmuşynyň ähli pudagyna öz täsirini ýetirýär. Bilim ulgamy hem bularyň biri bolup durýar.

Ýaňy-ýakyn günlere çenli bilim ulgamynyň tejribesine maglumat tehnologiýasyny işjeň girizilmegi bilen, bilimiň maglumatlaşdyrylmagy resmi taýdan yglan edildi.

Bilimiň sanly ulgama geçilmeginiň mümkin bolan ugurlaryny barlamak bilen, berlen proses okuw kitaplarynyň diňe bir elektron görnüşine geçirilmegi bile däl-de, eýsem talyplar we mugallymlar üçin Inrenetiň elýeterliligi bilen şertlenýär.

Ýokary okuw mekdeplerinde sanly bilim ulgamyny guramagyň zerur şerti – 10–15 ýyldan bazar gatnaşygynda talap ediljek kompetensiýa, şeýle hem okuw prosesine bolan çemeleşme bolup durar.

Adamzat durmuşynyň ähli pudaklaryna öz täsirini ýetirýän sanly ulgam üýtgeşmeleri ýokary bilimiň wezipelerini gaýtadan işläp taýýarlamagyň esasy sebäbi boldy. Onuň pikiri boýunça, sanly ulgamyň çäginde jemgyýete “sanly ulgam formatynyň” uçurymlary gerek, diýmek, bilim ulgamynyň öňdebaryjy ugrukdyryjysy sanly ulgam pudagynyň hünärmenleri bolmalydyr.

Hünärmenleriň pikirine görä, sanly ulgama geçiş şertlerinde bilim prosesi üçin elektron okuw prosesi we distansion okuw prosesiniň ähli mümkinçiliklerini ulanmalydyr.

Bedenterbiýe hünäri bar bolan ýokary okuw mekdeplerinde sanly bilim ulgamynyň girizilmegi öňdebaryjy türgenlere türgenleşik ýygyndylaryndan we ýaryş işlerinden aýrylman, yzygiderli okuw prosesini dowam etmäge mümkinçilik berýär.

Her bir tapgyrda türgenleşik prosesiniň netijeliliginiň ýokarlandyrylymagy türgenler, sport hünärmenleri we alymlar tarapyndan kabul edilen bilimiň bileleşmegi netijesinde amala aşyrylyp bilner.

Häzirki wagt distansion bilim tehnologiýalary sanly ulgam biliminiň wezipeleriniň birine ýetmegiň esasy guraly – okuw prosesiniň üznünksiz dowam edilmegi – bolup çykyş edýär.

Häzirki döwürde sanly ulgam formaty adamzat durmuşynyň aýrylmaz bölegine öwrüldi. Sanly ulgam tehnologiýalary durnukly ösüşiň meseleleriniň köptaraplaýyn çözülmegi üçin gerekli açar bolup çykyş edýär. Sanly ulgam bazary dünýäde çalt depginler bilen ösýän, şeýle hem ýaşlaryň arasynda olaryň ünsüni çekýän esasy pudaga öwrüldi. Sanly ulgam ykdysadyýeti guramalar we aýry-aýry şahslar üçin öňde goýlan wezipeleri öňküden üýtgeşik we has gowy amala aşyrmaga bolan mümkinçilikleri we zerurlyklary aýdyňlaşdyrýar. Ýagny, sanly ykdysadyýet jemgyýetiň ähli bölümlerine – döwlet gurluşyna, biznes kompaniýalaryna, bilim ulgamyna – öz täsirini ýetirýär.

Ýokarda agzalan her bir kategoriýa sanly ykdysadyýet ulgamy durmuş we iş üçin peýda hem-de goşmaça mümkinçilikleri berýär.

Sanly ulgam tehnologiýalary adamyň gündelik işine, şeýle hem hünärmenleri ýokary derejede taýýarlamak prosesine garylyp gitdi. Pedagogik guramalar bu prosesiň zerurdygyna düşünýärler, özleriniň işiniň özgerdilmeginiň zerurdygyny kabul edýärler, okuw prosesinde täze mümkinçiliklere baha berýärler.

Тахир Бердыев
(Туркменистан)

ЦИФРОВИЗАЦИЯ НАУКИ О СПОРТИВНОМ ОБРАЗОВАНИИ В УСЛОВИЯХ ЦИФРОВИЗАЦИИ ЭКОНОМИКИ

Развитие современного общества в настоящее время связано с глобальным процессом цифровизации. Обладая колоссальным ресурсным потенциалом за годы независимости экономика Туркменистана сумела сделать значимый прорыв.

Процесс цифровизации, начавшийся с экономики, плавно затрагивает и другие сферы человеческой деятельности. Не стало исключением в этом вопросе и образование.

Внедрение системы цифрового формата обучения в вузах физкультурного профиля позволяет ведущим спортсменам без отрыва от тренировочных сборов и соревновательной деятельности систематично и непрерывно осуществлять учебную деятельность.

Повышение эффективности тренировочного процесса на каждом этапе может быть осуществлено только в результате объединения фрагментарных знаний, полученных тренерами, спортивными специалистами и учеными, что способствует выходу спортсменов на более высокие результаты.

Tahir Berdiyev
(Turkmenistan)

DIGITALIZATION OF THE SCIENCE OF SPORTS EDUCATION IN CONDITIONS OF DIGITALIZATION OF THE ECONOMY

The development of modern society is currently associated with the global process of digitalization. Possessing colossal resource potential, the economy of

Turkmenistan has managed to make a significant breakthrough over the years of independence.

The digitalization process, which began with the economy, gradually affects other spheres of human activity. Education was no exception in this regard.

The introduction of a digital education system in physical education universities allows leading athletes to systematically and continuously carry out educational activities without interruption from training camps and competitive activities.

Increasing the effectiveness of the training process at each stage can only be achieved as a result of combining fragmented knowledge obtained by coaches, sports specialists and scientists, which helps athletes achieve better results.

Pälwan Hydyrow
(Türkmenistan)

TÜRKMENISTANYŇ YKDYSADYÝETINI DÖWREBAPLAŞDYRMAKDA INNOWASIÝALARY ORNAŞDYRMAGYŇ ÄHMIÝETI

Sanly tehnologiýalaryň ösmegi we önümçiligiň awtomatlaşdyrylmagy ykdysadyýetiň ähli pudaklary üçin täze mümkinçilikleri açýar. Sanlylaşdyrmak önümçilik proseslerini amatlaşdyrmaga, maliýe serişdelerini, energiýany we adam resurslaryny rejeli ulanmaga ýardam berýär. Dürli iş ugurlarynda innowasion prosesler biri-birinden tapawutlanýarlar. Täzeligiň görnüşi täzelikleri döredýän, ornaşdyrylýan ugry, wajyplygy, ykdysady netijeliligi we beýleki birnäçe faktorlara baglydyr. Ykdysadyýetde innowasiýalaryň bir wajyp aýratynlygy bar: täzeligiň üstünlikli we peýdaly bolmagy üçin, ol strategik häsiýete eýe bolmaly. Strategik innowasiýa täze önümleriň, tehnologiýalaryň we beýlekileriň bir gezeklik däl-de, eýsem onuň geljege gönükdirilen bolmagyny aňladýar. Ondan başga-da ykdysadyýetiň pudaklarynda, aýratyn hem senagatda innowasiýalar netijeliligini uzak wagtdan soň berýändigi bilen tapawutlanýar. Köp ýagdaýlarda bu uly möçberde zähmeti köp talap edýän prosesler, şol sebäpli ol uzak wagtyň geçmegi bilen maliýe-ykdysady peýdasyny berýär. Bu aýratynlyklara garamazdan, senagata innowasiýalary ornaşdyrmak örän zerur we wajyp faktordyr. Sebäbi diňe senagatda döredilýän innowasion harytlar, önümler, tehnikalar, tehnologiýalar ykdysadyýetiň beýleki pudaklarynyň netijeli ösmegine getirýär.

Täze tehniki we guramaçylyk-tehnologik çözgütleriň ösmegi, dolandyryşyň esasy ýörelgeleriniň kämilleşdirilmegi kärhanalarda üznüksiz önümçilik proseslerniň täzelenmegine şertleri döredýär we ykdysady ösüş üçin goşmaça

itergi berýär. Aslyýetinde innowasiýalar özüne diňe bir tehniki we tehnologik işläp taýýarlamalary däl-de, eýsem ylmy-önümçilik işleriniň ähli çygryndaky üýtgeşmelerini, gowy taraplaryny alýar. Tehnikalaryň we tehnologiýalaryň hemişe täzelenip durulmagy innowasion prosesiň bäsdeşlige ukyply önümleri öndürmeginiň, kärhanalaryň bazarlary eýelemeginiň, olarda tutýan orunlaryny saklamagyň, öndürijiligi ýokarlandyrmagyň hem-de netijeliligini artdyrmagyň şerti hökmünde görkezýär.

Innowasion tehnologiýalary özleşdirmek meseleleri dünýäniň ösen ýurtlary üçin esas bolup durýar. Her bir döwletde täzelige bolan gatnaşygyň we degişlilikde innowasiýa syýasatynyň öz aýratynlyklary bar. Häzirki wagtda ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda, ilkinji nobatda senagatda tehnologiýalar ýokary depginde ösýär. Örän güýçli bäsdeşlikde iň öňdebaryjy işläp taýýarlamalary ornaşdyrýan üstünlik gazanýar. Özleşdirilýänleri saklamak we täzelerini ýola goýmak, importyň ornuny tutýan önümçilikleri döretmek hem-de ösdürmek, eksport kuwwatyny ýokarlandyrmak üçin ýokary tehnologik önümleriň çykarylyşyny artdyrmak, önümçilikleri talaplara laýyk kämilleşdirmek zerurdyr.

Türkmen ykdysadyýetiniň täze nusgasy häzirki wagtda awtomatlaşdyrylmagyny we kompýuterleşdirilmegini, önümçiligiň ekologiýa häsiýetini, ýokary tehnologiýaly hyzmatlar ulgamyny aňladýar. Bularyň ählisi garyşyk pudaklaryň hil taýdan ösmegini, şol sanda ulag-aragatnaşyk we logistika ugurlarynyň kämilleşdirilmegini, ýokary hilli hyzmatlary, bilimleri hem-de zähmet başarnyklarynyň ösdürilmegini kepillendirýär.

“Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynyň” esasy maksady döwletimiziň ykdysadyýetiniň ýokary depginde ösmegini, işjeň maýa goýum syýasatyny dowam etdirmek, Türkmenistany senagat taýdan ösen döwlete öwürmek, bilimlere we innowasiýalara daýanýan, ykdysady, durmuş, ekologiýa taýdan amatly tehnologiýalary özünde jemleýän, ykdysadyýetiň pudaklaýyn hem-de eýeçilik görnüşleri babatda diwersifikasiýalaşdyrylmagyny üpjün edýän, sanly ykdysadyýete uýgunlaşdyrylýan bazar ykdysadyýetiniň özgertmelerini durmuşa ornaşdyrmak, täze iş orunlaryny döretmek, ýurdumyzyň, onuň sebitleriniň ykdysady kuwwatyny berkitmäge gönükdirilen çäreleri yzygiderli durmuşa geçirmek, ilatymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak we sebitleýin maýa goýum işjeňligini kämilleşdirmekdir.

Palwan Hydyrov
(Turkmenistan)

IMPORTANCE OF INTRODUCING INNOVATIONS IN THE MODERNIZATION OF THE ECONOMY OF TURKMENISTAN

The development of digital technologies and automation of production opens up new opportunities for all sectors of the economy. Digitalization contributes to the optimization of production processes and the rational use of financial resources, energy and human resources. The development of new technical and organizational and technological solutions, the improvement of basic management principles create conditions for updating continuous production processes at enterprises and provide an additional incentive to economic development. Constant updating of equipment and technologies shows the innovation process as a condition for the production of competitive products, occupation and retention of enterprises' positions in the markets, increased productivity and increased efficiency.

The main goal of the "Program of the President of Turkmenistan for the socio-economic development of the country for 2022–2028" is to turn Turkmenistan into an industrially developed state based on knowledge and innovation, combining economic, social and environmentally sound technologies.

Палван Хыдыров
(Туркменистан)

ЗНАЧЕНИЕ ВНЕДРЕНИЯ ИННОВАЦИЙ В МОДЕРНИЗАЦИИ ЭКОНОМИКИ ТУРКМЕНИСТАНА

Развитие цифровых технологий и автоматизации производства открывают новые возможности для всех отраслей экономики. Цифровизация способствует оптимизации производственных процессов и рациональному использованию финансовых ресурсов, энергии и человеческих ресурсов. Разработка новых технических и организационно-технологических решений, совершенствование основных принципов управления создают условия для обновления непрерывных производственных процессов на предприятиях и дают дополнительный стимул экономическому развитию. Постоянное обновление техники и технологий показывает инновационный процесс как условие производства конкурентоспособной продукции, занятия и удержания

предприятиями своих позиций на рынках, повышения производительности и повышения эффективности.

Основная цель “Программы социально-экономического развития страны на 2022–2028 годы”, разработанная под непосредетвенным руковадетвом Президента Туркменистана – превратить Туркменистан в индустриально развитое государство, основанное на знаниях и инновациях, сочетающее экономические, социальные и экологически целесообразные технологии.

Akmämmet Akjaýew
(Türkmenistan)

SANLY YKDYSADYÝET ŞERTLERINDE YKDYSADY ÖSÜŞ TENDENSIÝALARY

XXI asyryň başy proseslerіň işjeň girizilmegine esaslanyp, häzirki zaman ykdysadyýetiniň sanlylaşdyrylmagyna, maglumat alyş-çalşygynyň üpjün edilmegine, önümçiligiň diwersifikasiýalaşmagyna, şeýle hem milli ykdysadyýetiň globallaşmagyna getirdi. Häzirki wagtda dowam edýän global bäsdeşlige ukyply sanly ykdysadyýete giriş ösen önümçiligi goşmak bilen, tehnologiýalar, maglumat, telekommunikasiýa we ulgamlar, emeli intellekt, wirtual hakykat, internet bilen baglanyşyklydyr. Başgaça aýdylanda, sanly ykdysadyýetiň emele gelmegi ykdysadyýetiň sanly görnüşe öwrülmegidir.

Soňky döwürde ykdysady teoriýada-da, birnäçe ýurduň amaly işlerinde-de sanly ykdysadyýet düşünjesi peýda boldy. Jemgyýetdäki maglumatlar we ykdysady prosesler esasy çeşmä öwrüldi. Adamyň elinde ol bilime öwrülýär we durmuş-ykdysady gatnaşyklar tor giňişliginde barha köpelýär. Amallarda sanly üýtgeşmäniň esasy hereketlendirijisi bolup bazar gatnaşyjylary çykyş edýär, olar sanly medeniýetiň ösüşidir. Bazar gatnaşyjylary häzirki döwürde üýtgeýän jemgyýetiň institusional gurluşynyň öz aýratynlyklarynyň bardygyny we häzirki wagtda derwaýys mesele bolup durýan sanly ykdysadyýetiň döremegini talap edýändigini görkezýärler.

Sanly ykdysadyýetiň düşünjesi, düýp manysy we onuň aýratynlyklary aýan edilýär. Mümkin boldugyça wirtual walýutalaryň has ýakyn ýüze çykmagy bar bolan elektron pullara alternatiwalar aýratyn göze ilýär.

Diňe ykdysatçylary däl, eýsem ýönekeý raýatlary-da global internetiň işleýşi şertlerinde häzirki zaman maliýe hyzmatlarynyň işjeň ulanyjylaryny alada goýýar. Kriptowalýutanyň tebigaty we ony düzgünleşdirmegiň institusionallaşdyryş modelleri daşary ýurtlar häzirki zaman dünýä maliýe ulgamynda maliýe hem-

de ykdysady howpsuzlyk maksady bilen, bu hadysa has jikme-jik düşünmäge mümkinçilik berýärler. Kriptowalýutalaryň ýüze çykmagy, global jemgyýetçilik-syýasy ýa-da has radikal manyda institusional toplum bolup, ol islegiň artmagynyň esasy sebäpleriniň biridir.

Döwrebap ykdysadyýet senagatdan soňky döwür bolup, ol bilimleriň, başarnyklaryň, aragatnaşyk ulgamynyň ykdysadyýetiniň ösen derejesi bolup çykyş edýär. Başgaça aýdylanda muňa täze innowasiýa diýilýär.

Senagatdan soňky ykdysadyýetiň esasy tapawutly aýratynlyklary:

– ykdysady gatnaşyklary utgaşdyrmak üçin tor usulynyň emele gelmegi, keseleýin baglanyşyklar we giňişlik integrasiýasy we özara täsirleşmek mehanizmleri bolan klaster-tor ulgamlaryny döretmek arkaly amala aşyrylýar;

– işleriň ösüşi hyzmatlara geçirilýär: bilim, syýahatçylyk we dynç alyş, saglygy goraýyş, maliýe we ş.m;

– bilimleriň agdyklyk edýän görnüşi rahat bilim;

– ykdysadyýetde agdyklyk edýän täzelikler açyk;

– maglumat we adam kapitaly esasy çeşmelere öwrülýär;

– adaty pudaklardan başga-da (senagat, ulag we ş.m.) döredijilik pudaklaryna maýa goýumlary köpelýär.

Döwrebap puluň ewolýusiýasy

Gözlegçiler munuň esasan elektron puluň bu kiçi görnüşleriniň täzeligi bilen baglanyşyklydygyny aýdýarlar. Ählumumy maddy göterijisiz elektron puluň döremegi önümçilikden soňky ykdysadyýetiň täze hakykatlaryny göz öňünde tutmak bilen, ekwiwalent hökmünde olaryň tebigatyny we umumy esaslaryny öwrenmegi talap edýär.

Puluň täze görnüşiniň birnäçe artykmaçlygy bar:

– töleg resminamalarynyň geçiriliş tizliginiň ýokarlanmagy;

– gaýtadan işlemegi ýönekeýleşdirmek;

– bank haty;

–töleg resminamalarynyň gaýtadan işlenilip bahasynyň azaldylmagy.

Şeýlelikde, elektron puluň ýüze çykmagy esasan hem bar bolan serişdelere mümkin bolan alternatiwa sanly ykdysadyýetiň şertlerinde global internetiň işlemegi bilen diňe bir ykdysatçyny däl, eýsem ýönekeý raýatlary hem häzirki zaman maliýe hyzmatlarynyň işjeň ulanyjylary hökmünde gyzyklandyrýar. Elektron pullaryň, şol sanda kriptografik walýutalaryň tebigatyny, şeýle hem olary düzgünleşdirmegiň institusionallaşdyrylyş modelini öwrenmegiň zerurlygy elektron pullaryň manysynyň ykdysady häsiýetini kesgitlemek bolup durýar.

Akmammet Akdjaev
(Turkmenistan)

TENDENCIES IN ECONOMIC DEVELOPMENT IN DIGITALIZATION CONDITIONS

The paper examines trends and prospects for the development of the digital economy. It also highlights the digital transformation of the industry, the emergence of the digital economy in the context of globalization in the development of regional and sectoral economies. As part of the analysis of the processes of formation of the digital economy, the methods and tools used in simulation, as well as the problems of the operation of enterprises in the conditions of digitalization are considered.

Акмаммет Акджаев
(Туркменистан)

ТЕНДЕНЦИИ РАЗВИТИЯ ЭКОНОМИКИ В УСЛОВИЯХ ЦИФРОВИЗАЦИИ

В статье рассмотрена тенденции и перспективы развития цифровой экономики. Также освещается цифровая трансформация отрасли, появление цифровой экономики в условиях глобализации в развитии региональной и отраслевой экономики. В рамках анализа процессов формирования цифровой экономики рассмотрены используемые методы и инструменты моделирования, а также проблемы функционирования предприятий в условиях цифровизации.

Muhammetguly Muhammedow, Süleýman Taýlyýew
(Türkmenistan)

KRIPTOWALÝUTALARY DÜZGÜNLEŞDIRMEKDE DÜNÝÄ ÝURTLARYNYŇ TEJRIBESI

Kriptowalýutalary düzgünleşdirmekde dünýä ýurtlarynyň çemeleşmeleri örän köpdürlüligi bilen tapawutlanýar. Kriptowalýuta bazarynyň örän çalt depgin bilen ösýändigi nazara alynsa, şeýle köpdürlüligiň sebäbi düşnükli bolýar. Käbir ýurtlarda kriptowalýuta doly kabul edilip, anyk kanuny çarçuwa oturdylan bolsa, käbir ýurtlarda kriptowalýuta doly ýa-da bölekleýin görnüşde çäklendirilendir. Kriptowalýutalaryň ýaýramagy we olaryň dünýä maliýe ulgamyna utgaşmagy netijesinde olaryň düzgünleşdirilmegi ýiti zerurlyk ýagdaýyna gelýär. Düzgünleşdirmegiň esasy ugurlaryny has giňişleýin beýan edeliň:

– bikanun ýollar bilen alnan serişdeleriň kanunlaşdyrylmagyna garşy göreş (Anti Money Laundering) we müşderiniň identifikasiýasy (Know Your Client). Köp ýurtlar söwda platformalaryndan we kriptowalýuta gapjyklaryndan özlerini ulanyjylaryň şahsyýetlerini tassyklatmaklaryny talap edýärler. Bu jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmekde ýardam berýär;

– salgyt. Dürli ýurtlardaky salgyt edaralary kriptowalýutalara salgyt salmak, hususan-da maýa goýumdan alynýan peýda salgydy we geçirimler üçin salgyt babatda düzgünleri işläp düzdüler;

– maýadarlaryň goraglylygy. Käbir ýurtlarda geçirimleriň aýdyň we adalatly bolmagy üçin, maýadarlaryň goraglylygyny kepillendirýän kanunçylyk işlenilip düzülýär;

– platformalary ygtyýarlylandyrmak. Alyş-çalyş platformalaryny işletmek we kriptowalýuta hyzmatlaryny etmek üçin, köp ýurtlarda ygtyýarnama almak zerurlygy girizilýär;

– çäklendirmeler we gadaganlyklar. Käbir ýurtlar kriptowalýutanyň söwdasyny doly gadagan etdiler;

– aktiwleriň görnüşlerine bagly düzgünleşdirme. Dürli ýurtlarda kriptowalýuta bolan garaýşa, ýagny adaty aktiw, walýuta ýa-da gymmatly kagyz ýaly görülmegine baglylykda, düzgünleşdirmeler biri-birlerinden tapawutlanýarlar.

Kriptowalýutalary düzgünleşdirmekde dünýä ýurtlarynyň tejribelerine seretmek we öwrenmek peýdaly bolar. Düzgünleşdirmegiň käbir mysallaryna ýüzleneliň:

– Ýewropa Bileleşigi. Ýewropa Bileleşigi kriptowalýuta üçin ýeke-täk kanuny çarçuwany işläp düzmäge ymtylýar. Bileleşige girýän ýurtlarda ilkibaşda düzgünleşdirmeler örän tapawutly bolan bolsa, umumy meýiller belli bir standarta ymtylmany döretdi. Ulanyjylary we maýadarlary goramaga gönükdirilen kanun (Markets in Crypto-Assets Regulation) Bileleşigiň parlamenti tarapyndan 2023-nji ýylyň 20-nji aprelinde makullanyldy we 2024-nji ýyldan güýje girdi;

– Amerikanyň Birleşen Ştatlary. ABŞ-da kriptowalýutalary düzgünleşdirmegiň çylşyrymly we ösen ulgamy hereket edýär. Şunda esasy orun Biržalar we gymmat-bahaly kagyzlar boýunça komissiýa (SEC) bilen Harytlyk fýuçersleriň söwdasy boýunça komissiýa (CFTC) degişlidir. Olar beýleki edaralar bilen bilelikde kanunçylyk binýadyny emele getirmegiň üstünde işleýärler, şunda kriptowalýuta geleşigiň görnüşine laýyklykda gymmatly kagyz, haryt ýa-da alyş-çalyş serişdesi diýlip ykrar edilýär;

– Ýaponiýa. Ýaponiýa 2017-nji ýylda bitkoýny kanuny töleg serişdesi hökmünde ykrar etdi we kriptowalýuta biržalaryny ygtyýarlylandyrmak boýunça ulgamy işe girizdi, bu çäreler ulgamyň çalt depginde ösmegine getirdi;

– Şweýsariýa. Şweýsariýa kriptowalýuta we blokçeýn üçin amatly kanunçylyk gurşawyny döretdi. Şeýle amatly şertler bu ýurduň Sug kantonynda has köp döredildi, şonuň üçin ol ýere "KriptoDüzlük" diýlip at berildi.

Umuman, kriptowalýutalary düzgünleşdirmek entek ösüş ýolunda diýip aýtmak bolar. Köp döwletler bikanun ýollar bilen alnan serişdeleriň kanunlaşdyrylmagyna garşy göreşiň (Anti Money Laundering) we müşderiniň identifikasiýasynyň (Know Your Client) wajyplygyny nygtaýarlar, şeýle-de bu ulgamy düzgünleşdirmekde ýeke-täk standarta ymtylýarlar. Şol bir wagtda şeýle düzgünleşdirmeleriň kriptowalýutanyň esasy ýörelgelerine, ýagny merkezsizlik (Decentralization) we näbellilik (Anonymity) ýörelgelerine garşy gelýandigi barada hem pikirler käbir ylmy merkezlerde aýdylýar. Jemlenip aýdylanda, bu ugurdaky meýilleri we ýykgyn etmeleri yzarlamak hem-de öwrenmek örän peýdaly bolar.

Muhammetguly Muhammedov, Suleyman Taylyyev
(Turkmenistan)

EXPERIENCE OF COUNTRIES AROUND THE WORLD IN REGULATING CRYPTOCURRENCIES

The regulation of cryptocurrencies varies widely around the world, reflecting differing governmental attitudes towards financial innovation, security, consumer protection, and the prevention of financial crimes. In this article we will try to discuss the key aspects and approaches to cryptocurrency regulation such like:

Legal Status;

Taxation;

Anti-Money Laundering (AML) and Counter-Terrorism Financing (CTF);

Consumer Protection;

Licensing and Compliance;

Regulating the issuance of new cryptocurrencies and crypto tokens to ensure transparency and protect investors from potential scams.

The landscape of cryptocurrency regulation is continually evolving as governments and regulatory bodies around the world adjust their policies to accommodate the growth of digital currencies, address emerging risks, and harness their potential for innovation in the financial sector.

Мухамметкули Мухаммедов, Сулейман Тайлыев
(Туркменистан)

ОПЫТ СТРАН МИРА В РЕГУЛИРОВАНИИ КРИПТОВАЛЮТ

Регулирование криптовалютой сильно различается по всему миру, что отражает различное отношение правительств к финансовым инновациям, безопасности, защите потребителей и предотвращению финансовых преступлений. В этой статье мы попытаемся обсудить ключевые аспекты и подходы к регулированию криптовалют, такие как:

– правовое положение;
– налогообложение;
– борьба против отмывания денег и финансирования терроризма;
– защита потребителей;
– лицензирование и соответствие;

Регулирование выпуска новых криптовалют и криптотокенов для обеспечения прозрачности и защиты инвесторов от возможного мошенничества.

Уровень регулирования криптовалют постоянно развивается, поскольку правительства и регулирующие органы по всему миру корректируют свою политику, чтобы приспособиться к росту цифровых валют, устранить возникающие риски и использовать свой потенциал для инноваций в финансовом секторе.

Amangül Baýrammyradowa
(Türkmenistan)

BANKYŇ MALIÝE TÖWEKGELÇILIKLERINIŇ YKDYSADY HOWPSUZLYGYNA TÄSIRI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe, ýurdumyzyň milli bank ulgamynyň ykdysady howpsuzlygyny üpjün etmek ýurduň ykdysady ösüşini gazanmagyň we ykdysadyýetiň pudaklaryna maýa goýumlary çekmegiň mehanizmi hökmünde uly ähmiýete eýedir. Banklaryň ykdysady howpsuzlygyny üpjün etmek meselesini öwrenmegiň derwaýyslygy, täze sanly ykdysady gurluş düzümleriniň döredilýän döwründe, ýurdumyz üçin bu meseläniň amaly ähmiýeti bilen hem şertlendirilendir. Bu bolsa, salgylanylýan meseläni ylmy taýdan has çuňňur öwrenilmegini talap edýär.

“Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda” ýurdumyzyň ykdysady howpsuzlygyny üpjün etmegiň esasy maksatlarynyň

hatarynda milli maliýe we bank ulgamynyň durnukly ösüşini dowam etmegiň kesgitlenilmegi, döwletimizde bu meselä aýratyn ähmiýet berilýändigini görkezýär. Milli maksatnamanyň durmuşa geçirilýän döwründe Türkmenistanda ykdysady howpsuzlygy üpjün etmegiň esasy wezipeleriniň sanawynda ýurdumyzyň pul-karz ulgamynyň dünýä maliýe we haryt bazarlaryndaky durnuksyzlyga baglylygyny peseltmek, durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmek üçin uzakmöhletleýin maliýe serişdeleriniň içerki çeşmelerini döretmek, ykdysadyýetiň strategik häsiýetli pudaklaryny karzlaşdyrmaga goldaw bermegiň gurallaryny kämilleşdirmek hem-de milli maliýe bazarlarynyň, milli töleg ulgamlarynyň üpjünçilik ulgamlaryny ösdürmek beýanyny tapýar. Şu hem, ýurdumyzyň täjirçilik banklarynyň ykdysady howpsuzlygyny üpjün etmegiň ähmiýetini doly açyp görkezýär.

Türkmenistanyň bank ulgamy iki derejeli ulgam bolup, Türkmenistanyň Merkezi banky birinji derejeli bolsa, karz edaralary, şol sanda daşary ýurt banklarynyň Türkmenistanda bellige alnan şahamçalary we wekillikleri ikinji derejeli hasaplanylýar. Ýurdumyzyň bank ulgamynyň esasyny hem, täjirçilik banklarynyň emele getirýändigini nazara almak zerurdyr. Şunuň bilen baglylykda, bank ulgamynyň ykdysady howpsuzlygyny üpjün etmekde, her bir täjirçilik bankyna aýratyn ornuň degişlidigini bellemek zerurdyr.

Bank ulgamynyň ykdysady howpsuzlygynyň derejesi bank işinde ýüze çykýan töwekgelçilikleriň jemine bagly bolup, töwekgelçilikleriň ýalňyş dolandyrylmagy bankyň ykdysady howpsuzlygyna ýaramaz täsirini ýetirip bilýär. Bank işindäki töwekgelçilikleriň esasy görnüşlerine maliýe ýitgileri degişlidir. Bankyň maliýe ýitgilerine bank karzyny alan müşderiniň maliýe durnuksyzlygynyň ýüze çykmagy sebäpli, alan karzyny wagtynda töläp bilmezligini, bankyň aktiwleriniň we passiw-leriniň arasynda deňagramlylygyň ýitirilip, passiwleriniň artmagy netijesinde, bankyň tölege ukyplylygyny ýitirmegi, daşary ýurt walýutalarynyň hümmetiniň durnuksyzlygy bilen bagly walýuta töwekgelçiliklerini degişli etmek mümkindir.

Bankyň işiniň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin, onuň durnukly ösüşini üpjün etmegiň derejesine baglylykda töwekgelçilikleri toparlandyrmak zerurdyr. Ýurduň ykdysadyýetinde, esasan hem, bank önümleri we hyzmatlary bazarynda karz edarasynyň deňagramly, durnukly, yzygiderli işlemegi üçin, bankyň likwidligini netijeli dolandyrmagy, maýa goýumlar üçin binýady emele getirmegi, işjeň, passiw amallar boýunça göterim derejelerini utgaşdyrmagy hem-de ýokary bäsdeşlige ukyplylygyny üpjün etmegi möhümdir.

Amangul Bayrammyradova
(Turkmenistan)

IMPACT OF BANKING FINANCIAL RISKS ON ECONOMIC SECURITY

The level of economic security of the banking system depends on the totality of risks arising in banking activities, and improper risk management can have a negative impact on the economic security of the bank. The main types of risks in banking include financial losses. Financial losses of the bank include the inability of a client who obtained a bank loan to repay it on time due to the occurrence of financial instability, loss of solvency by the bank due to disturbance of the assets and liabilities equity and the excess of liabilities over assets, as well as currency risks associated with instability of foreign currency exchange rates.

Амангуль Байраммырадова
(Туркменистан)

ВЛИЯНИЕ БАНКОВСКИХ ФИНАНСОВЫХ РИСКОВ НА ЭКОНОМИЧЕСКУЮ БЕЗОПАСНОСТЬ

Уровень экономической безопасности банковской системы зависит от совокупности рисков, возникающих в банковской деятельности, а неправильное управление рисками может оказать негативное влияние на экономическую безопасность банка. Основные виды рисков в банковской деятельности включают финансовые потери. К финансовым потерям банка можно отнести неспособность клиента, получившего банковский кредит, своевременно погасить его вследствие возникновения финансовой нестабильности, потерей банком платежеспособности из-за нарушения равенства активов и пассивов банка и превышения пассива над активом, а также валютные риски, связанные с нестабильностью курсов иностранных валют.

Baýrammuhammet Arbabow, Şatlyk Guwalyýew
(Türkmenistan)

TÜRKMENISTANYŇ AGRAR BAZAR GATNAŞYKLARYNDA DÖWLETIŇ KADALAŞDYRYJY WEZIPESI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzda giň gerimli özgertmeler syýasaty üstünlikli durmuşa geçirilýär. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady taýdan depginli ösüşini üpjün etmek, raýatlaryň ýaşaýyş-durmuş derejesini yzygiderli ýokarlandyrmak alnyp barylýan özgertmeleriň esasy wezipeleriniň biri bolup durýar. Bu özgertmeler "Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynyň", "Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynyň", "Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasynyň" esasynda üstünlikli dowam etdirilýär.

Bazar ykdysadyýetinde emele gelýän we oňa geçilýän döwründe bazar mehanizmi gatnaşyklary aňrybaş kämil derejede däldir, hem-de ol kadalaşdyrylmagyna mätäçdir. Bu bolsa, birnäçe ykdysady we durmuş meselelerini çözmäge döwletiň gatyşmagynyň zerurlygyny tassyklaýar. Ilki bilen, döwlet haryt öndürijileriň we sarp edijileriň, satyjylaryň hem-de alyjylaryň hukuklarynyň goralmagyny kepillendirýär. Şeýle hem pes hilli önümleri öndürýän (satýan) haryt öndürijilere hem-de satyjylara çäre görmegi, durmuş we beýleki meseleleri çözmegi ýola goýýar.

Milli we daşary ýurt tejribelerinden belli bolşy ýaly, agrar bazar ykdysadyýeti döwletiň kadalaşdyrmasy hem-de oba hojalyk öndürijilerine döwlet goldawy bolmasa üstünlikli ösüp, hereket edip bilmez.

Häzirki globallaşýan dünýäniň şertlerinde bu mesele has hem ýitileşýär. Garaşsyz Türkmenistanda agrosenagat önümçiliginiň döwlet kadalaşdyrylyşynyň esasy ugurlary Gahryman Arkadagymyz tarapyndan aýdyň kesgitlenildi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanan hem-de işlenip düzülen, Hormatly Prezidentimiziň bolsa, üstünlikli dowam etdirýän agrosenagat önümçiliginiň döwlet kadalaşdyrylyşynyň ýörelgelerinden ugur alyp, agrar bazar gatnaşyklarynyň, oba hojalyk önümleriniň we azyk bazarlarynyň döwlet tarapyndan kadalaşdyrylmagynyň ugurlaryny, biziň pikrimizçe, şertli iki görnüşe bölmek maksadalaýyk bolar.

Döwlet tarapyndan kadalaşdyrmak usulynyň birinji görnüşine döwletiň nyrh emele getiriş syýasatyny, ýagny durmuş ähmiýetli azyk önümleriniň bahalaryny kadalaşdyrmagyny we agrar bazaryň konýunkturasynyň emele gelmegine goşulma-

gyny görkezip bolar. Döwlet bu wezipesini aşakdakylaryň üsti bilen amala aşyrýar: döwlet buýurmasynyň (zakazynyň) bellenilmegi, strategik ähmiýetli oba hojalyk önümleriniň belli bir görnüşlerine döwletiň satyn alyş nyrhlaryny bellemegi we satyn almagy; agrar bazarda durnukly bazar konýunkturasynyň emele gelmegini goldamak, bazar infrastrukturasynyň ösmegine ýardam bermek; agrar bazara dahylly ähli subýektlere oba hojalyk önümleriniň käbir görnüşleriniň takmyny bahalary barada maglumatlary ýetirmek we ol bahalary işläp taýýarlamak; azyk önümlerine nyrhlaryň emele gelmeginde belli bir çäreleriň görülmegi – azyk önümleriniň eksportyna, importyna kwotalaryň, paçlaryň we tariflerin, salgyt ýygymlarynyň we ş.m. bellenilmegi; zähmet haklarynyň, pensiýalaryň we kömek pullarynyň ýokarlandyrylmagy bilen, ilatyň satyn alyp bilijilik ukybynyň kadalaşdyrylmagy.

Döwlet tarapyndan kadalaşdyrmak usulynyň ikinji görnüşine, oba hojalyk önümlerini öndürijilere döwlet goldawyny bermek çäreleri giryär. Olaryň esasylarynyň biri döwlet we ýerli býujetler tarapyndan doly ýa-da bölekleýin maliýeleşdirilýän milli maksatnamalardyr. Ilkinji nobatda, muňa mysal edip, "Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasyny", Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň 2024-nji ýylyň 9-njy fewralynda geçirilen giňişleýin mejlisiniň maslahatynda kabul edilen çözgütleri görkezmek bolar.

Bayrammuhammet Arbabov, Shatlyk Guwalyyev
(Turkmenistan)

REGULATORY ROLE OF THE STATE IN AGRICULTURAL AND MARKET RELATIONS OF TURKMENISTAN

In the Epoch of the Revival of the new era of powerful state, a policy of large-scale reforms is being successfully implemented under the leadership of the President. Ensuring the dynamic socio-economic development of Turkmenistan and the constant improvement of the standard of living of citizens is one of the main tasks of the ongoing reforms. During the period of formation and transition to a market economy, the market mechanism and relations are imperfect and need to be regulated. This confirms the need for government intervention to solve a number of economic and social problems.

As it is known from domestic and foreign experience, the agricultural market economy will not be able to develop and function successfully without state regulation and state support for agricultural producers.

In the modern world, in the context of globalization, this problem is getting more acute. The main directions of state regulation of agro-industrial production in independent Turkmenistan were clearly defined by our Hero-Arkadag Gurbanguly Berdimuhamedov.

Байраммухаммет Арбабов, Шатлык Гувалыев
(Туркменистан)

РЕГУЛИРУЮЩАЯ РОЛЬ ГОСУДАРСТВА В СЕЛЬСКОХОЗЯЙСТВЕННО-РЫНОЧНЫХ ОТНОШЕНИЯХ ТУРКМЕНИСТАНА

В эру Возрождения новой эпохи могущественного государства под руководством уважаемого Президента успешно реализуется политика масштабных реформ. Обеспечение динамичного социально-экономического развития Туркменистана, постоянное повышение уровня жизни граждан – одна из главных задач проводимых реформ. В период становления и перехода к рыночной экономике рыночный механизм и отношения несовершенны и нуждаются в регулировании. Это подтверждает необходимость государственного вмешательства для решения ряда экономических и социальных проблем.

Как известно из отечественного и зарубежного опыта, аграрная рыночная экономика не сможет развиваться и успешно функционировать без государственного регулирования и государственной поддержки сельскохозяйственных товаропроизводителей.

В современном мире в условиях глобализации эта проблема обостряется еще больше. Основные направления государственного регулирования агропромышленного производства в независимом Туркменистане четко определил наш Герой-Аркадаг Гурбангулы Бердымухамедов.

Gülşat Amanowa
(Türkmenistan)

ULAG ULGAMYNDA HYZMATDAŞLYK WE LOGISTIKA

Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary netijesinde ýurdumyzda häzirki zaman ulag-üstaşyr logistik düzümler, aragatnaşyk we telekommunikasiýa ulgamy kemala getirilýär. Munuň özi Beýik Ýüpek ýolunyň döwrebap derejede, täze röwüşde dikeldilýändiginiň aýdyň mysalydyr.

Türkmenistan halkara ýollarynyň çatrygynda ýerleşip, geografik taýdan örän amatly ýagdaýa eýedir. Şu nukdaýnazardan, ýurdumyzda halkara ülňülerine laýyk gelýän döwrebap ýollar, köprüler, halkara howa menzilleri, demir ýol menzilleri, deňiz portlary gurulýar. Bularyň ählisi häzirki zaman şertlerinde Beýik Ýüpek ýolunyň täzeden dikelmegine ýol açýar, syýahatçylygyň, medeni hyzmatdaşlygyň, söwda-ykdysady gatnaşyklarynyň rowaçlanmagyna şert döredýär. Logistika adalgasy häzirki döwürde ulaglar ulgamynyň sazlaşykly ösüşini üpjün etmek jähetinden örän ýörgünlidir. Halkara hyzmatdaşlygynda logistika adalgasyna önümiň, harydyň ýa-da hyzmatyň dolandyryş ulgamyny ulaglar bilen daşalyşyny sazlaşdyrmak, ulgamlaşdyrmak ýaly toplumlaýyn işleriň kesgitlemesi hökmünde garalýar. Şeýlelikde, logistikanyň maksady önümi tiz wagtda we ygtybarly ýagdaýda öndüriji kärhanalardan alyjylar köpçüligine ýetirmekden ybarat bolup durýar.

Halkara ýük daşalyşy amala aşyrylanda dürli döwletleriň çäklerinden geçmek zerurlygy ýüze çykýar. Ulag logistikasy amala aşyrylanda ulag görnüşleriniň we amatly ugruň dogry saýlanylyp alynmagy, ýükleriň öz wagtynda çalt hem-de arzan alyja gowşurylmagyna täsir edýar. Şunuň bilen baglylykda, ulag logistikasy – ulag ulgamynyň ähli ugurlaryny özünde jemleýän, ykdysady pudaklary baglanyşdyrýan düşünjedir.

Ýurdumyzda ulag ulgamynyň maddy-enjamlaýyn binýadynyň döwrebap-laşdyrylmagyna yzygiderli üns berilýär. Ulaglaryň ähli görnüşleriniň ösdürilmegi milli maksatnamalaryň üstünlikli durmuşa geçirilmeginiň hem girewidir.

“Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllar aralygynda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda” ulaglar ulgamynyň ösüşini üpjün etmek bilen baglanyşykly wezipeleriň toplumy kesgitlenilen. Olaryň hatarynda: ýolagçylary gatnatmagyň we ýükleri daşamagyň möçberlerini artdyrmak, hilini gowulandyrmak, ulag hyzmatlarynyň eksportyny artdyrmak, esasan, ýurduň ýükleri üstaşyr geçirmek mümkinçiligini durmuşa geçirmek, ulaglar ulgamynda halkara ykdysady, söwda hyzmatdaşlygyny hil taýdan täze derejä çykarmaga niýetlenilen iri halkara hem-de sebitleýin taslamalar babatynda, ilki bilen, çykyş etmek, olary durmuşa geçirmek bolup durýar.

Türkmenistan dünýä bileleşiginiň doly hukukly agzasy bolup, ulag babatda birnäçe halkara konwensiýalaryna we ylalaşyklaryna gatnaşyp, möhüm resminamalaryň umumy ykrar edilen kadalaryndan gelip çykýan halkara borçna-malaryna gyşarnyksyz eýerýär. Häzirki wagtda demir ýollarynyň ösdürilmegi netijeli halkara hyzmatdaşlygynyň möhüm şertleriniň birine öwrüldi.

Türkmenistanyň halkara giňişliginde barha ösýän täsiri we ähmiýeti nukdaýnazaryndan, Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda amala aşyrylýan

ulag ulgamyndaky ösüşler we özgertmeler halkara hyzmatdaşlygynyň köpugurly hem-de netijeli bolmagynda öz beýanyny tapýar.

Mundan başga-da ýurdumyz BMG-niň halkara hyzmatdaşlygyny utgaşdyryjy ýöriteleşdirilen edarasy bolup durýan Halkara raýat awiasiýa guramasynyň (IKAO) doly hukukly agzasydyr. Bu iri gurama howa gatnawlarynyň howpsuzlygyny, ygtybarlylygyny we netijeliligini üpjün etmek üçin zerur bolan ähli halkara kadalaryny ýola goýýar. Munuň bilen bir hatarda, ýurdumyzda hereket edýän "Türkmenistanyň Howa kodeksi" ýuridik we fiziki şahslaryň isleglerini kanagatlandyrmakda awiasiýanyň işiniň, şeýle hem Türkmenistanyň howa giňişliginden peýdalanmak, onuň howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça beýleki işiň, goranmagyň, döwletiň bähbitlerini gorap saklamagyň, howa gämileriniň uçuşlarynyň howpsuzlygynyň, awiasiýa hem-de ekologik howpsuzlygyň hukuk, ykdysady, guramaçylyk esaslaryny kesgitleýär.

Berkarar döwletimiziň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe çalt depginler bilen ösýän ulag-aragatnaşyk ulgamynyň kämilleşmegi, ilkinji nobatda, milli ykdysadyýetiň kuwwatlanmagyna itergi berýär. Bu babatda Hormatly Prezidentimiziň we Milli Liderimiziň başda durmagynda durmuşa geçirilýän işler Beýik Ýüpek ýolunyň täzeden dikeldilip, halkara hyzmatdaşlygynyň has hem giň gerime eýe bolmagyna, parahatçylygyň pugtalandyrylmagyna mynasyp goşandyny goşýar.

Gulshat Amanova
(Turkmenistan)

TRANSPORT COOPERATION AND LOGISTICS

This paper determines that the country is located at the crossroads of international routes and has a very favorable geographical situation. In this regard, modern roads, bridges, airports, railway stations, and sea ports are being built in the country that meet international standards. All this allows for the restoration of the Great Silk Road in modern conditions, provides opportunities for the development of tourism, cultural cooperation, trade and economic relations. The term logistics is very popular today in order to ensure the smooth development of the transportation system. In international cooperation, the term logistics is considered as a definition of complex activities, such as coordination and systematization of the product management system, and purchase or service.

Гульшат Аманова
(Туркменистан)

ТРАНСПОРТНОЕ СОТРУДНИЧЕСТВО И ЛОГИСТИКА

Логистика рассматривается как определение сложной деятельности, такой как координация и систематизация системы управления продуктом, закупкой или услугой. Таким образом, цель логистики – быстро и надежно доставить товар от предприятия-производителя к массе покупателей.

Туркменистан расположен на перекрестке международных трасс и имеет очень выгодное географическое положение. В связи с этим в стране строятся современные дороги, мосты, международные аэропорты, железнодорожные вокзалы, морские порты, соответствующие мировым стандартам. Все это позволяет восстановить Великий Шелковый путь в современных условиях, создает условия для процветания туризма, культурного сотрудничества, торгово-экономических связей.

Hajybaý Annaýew, Ogulbaýram Saparowa
(Türkmenistan)

SIRKULÝAR YKDYSADYÝET: HÄSIÝETLI AÝRATYNLYKLARY WE DURNUKLY ÖSÜŞ

Häzirki wagtda tebigaty goramak, gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerinden peýdalanmak, “ýaşyl” ykdysadyýeti, sanly ulgamy ösdürmek ýurdumyzyň döwlet syýasatynyň esasy ugurlarynyň biridir.

Häzirki zaman tehnogen ykdysadyýeti çyzykly we açyk ulgam bolup, tebigy baýlyklaryň çendenaşa köp çykarylmagyna, galyndylaryň toplanylmagyna, daşky gurşawyň hapalanmagyna hem-de ählumumy howanyň üýtgemegi ýaly meseleleriň ýüze çykmagyna getirýär. Bu meseläniň çözgüdi tebigy serişdeleriň düýpli az peýdalanylmagyna, galyndylaryň doly gaýtadan işlenilmegine hem-de gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerini peýdalanmak ýörelgesine esaslanýan sirkulýar ykdysadyýete geçmek iň amatly ykdysady nusga hasaplanylýar.

“Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda” ýurdumyzyň “ýaşyl” ösüş ugruny, gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleriniň ulanylmagyny, serişdeleriň galyndysyz peýdalanylmagyny (sirkulýar ykdysadyýet) ýokary derejede ulanmagy göz öňünde tutýan wezipeler kesgitlenilendir. Ylaýta-da, galyndylary dolandyrmagyň netijeliligini ýokarlandyrmak, şäherleriň

we obalaryň howpsuzlygyny, ekologiýa taýdan durnuklylygyny ýokarlandyrmak, şol sanda “akylly” şäher konsepsiýasyny durmuşa geçirmek arkaly amala aşyrmak, “serişdeleriň galyndysyz peýdalanylmagyny” işewürlik modelini işjeň ornaşdyrmak hem-de ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek ýaly wezipeleri amala aşyrmak meýilleşdirilýär.

“Sirkulýar ykdysadyýet” adaty çyzykly ykdysady nusgadan tapawutlylykda tebigy serişdeleriň gaýtadan işlenilmegine we üznüksiz yzygiderli peýdalanylmagyna esaslanýan ykdysady nusgadyr. Ýer togalagynyň ilatynyň artmagy, tebigy baýlyk mümkinçilikleriniň çäkliligi, senagatyň okgunly ösmegi we onuň daşky gurşawa ýaramaz täsirleri sirkulýar ykdysadyýete geçmegi çaltlandyrdy. Sirkulýar ykdysadyýetiň ýörelgelerine çäkli tebigy baýlyklary netijeli dolandyrmak, önümçiligi täzeden üýtgedip gurnamak, gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerini peýdalanmak we beýlekiler degişlidir. Geljegiň durnukly ykdysadyýetini kemala getirmekde sirkulýar ykdysadyýete esasy orun degişlidir. Sirkulýar ykdysadyýetiň ykdysady netijeliligi ýokarylygy bilen tapawutlanýar. Ikilenç gaýtadan işlenilen çig mallardan öndürilen harytlaryň dünýä boýunça bazar bahasy 100 milliard ýewro deňdir.

Durnukly ösüş boýunça 2030-njy ýyla çenli döwür üçin gün tertibiniň ileri tutulýan ugurlaryna esaslanýan, ýapyk aýlanyşykly, ýagny sirkulýar ykdysadyýete geçmek häzirki döwrüň möhüm talabydyr. Durnukly ösüşiň üstünlikli ýerine ýetirilmegi köp babatda, milli, sebit we ählumumy derejede täzeçil ykdysady nusgalaryň peýdalanylmaga baglydyr. Sirkulýar ykdysadyýet durnukly ösüşiň şu aşakdaky maksatlaryny durmuşa geçirmäge ýardam berýär: arassa suw we arassaçylyk, elýeterli, hem-de arassa energiýa, mynasyp işleri üpjün etmek, ykdysady ösüş, senagatlaşma, innowasiýalar, infrastruktura, durnukly şäherler, ilatly, nokatlar, jogapkärçilikli sarp etmek, önümçilik, howanyň üýtgemegine garşy göreş, deňziň ekologik ulgamyny gorap saklamak, gury ýeriň ekologik ulgamyny gorap saklamak, durnukly ösüş babatynda hyzmatdaşlyk.

Ýurdumyzyň durnukly ösüşini üpjün etmek, daşky gurşawy goramak wezipeleriniň üstünlikli çözülmegi köp babatda “ýaşyl” tehnologiýalaryň ykdysadyýete ornaşdyrylmagy bilen baglydyr. Häzirki wagtda milli ykdysadyýete innowasion, serişde tygşytlaýan, ekologiýa howpsuzlygyny üpjün edýän tehnologiýalar tapgyrlaýyn ornaşdyrylýar. Muňa mysal hökmünde, Balkan welaýatynyň Gyzylarbat etrabynda Günden we ýelden elektrik energiýasyny öndürýän utgaşykly stansiýanyň gurulýandygyny görkezmek bolar.

Umuman, sirkulýar ykdysadyýet geljekki ykdysady, ekologiýa we durmuş çykdajylaryny azaltmaga, ykdysady bäsdeşlige ukyplylygy ýokarlandyrmaga kömek berýär. Durnukly sarp ediş we önümçilik ýaşaýşyň hilini ýokarlandyrmaga, serişdeleriň peýdalanylýan möçberini azaltmaga, aýlanyşykda bolýan döwrüniň bütin dowamynda galyndylary azaltmaga, daşky gurşawa ýetirýän zyýany peseltmäge ýardam berýär.

Hajybay Annayev, Ogulbayram Saparova
(Turkmenistan)

CIRCULAR ECONOMY: CHARACTERISTIC FEATURES AND SUSTAINABLE DEVELOPMENT

The transition to a more resource efficient circular economy has become a necessity in the wake of current ecological, economic and social sustainability challenges. The circular economy has the potential to promote systemic change towards a sustainable future. Today, the world is rapidly developing a circular economy and its formation in a real economic system. The paper analyzes the problems of the traditional linear model of the economy and the consequences of its further application, and predetermines the inevitability of the transition to a different economic model – the circular economy. Various interpretations of the definition of a circular economy are considered, its essence and role in the further sustainable development of humanity are outlined.

Хаджыбай Аннаев, Огулбайрам Сапарова
(Туркменистан)

ЦИРКУЛЯРНАЯ ЭКОНОМИКА: ХАРАКТЕРНЫЕ ОСОБЕННОСТИ И УСТОЙЧИВОЕ РАЗВИТИЕ

Переход к более ресурсоэффективной экономике замкнутого цикла стал необходимостью в свете текущих проблем экологической, экономической и социальной устойчивости. Экономика замкнутого цикла обладает потенциалом способствовать системным изменениям в направлении устойчивого будущего. Сегодня в мире форсированно развивается циркулярной экономики и ее формирование в реальной экономической системе.

В статье проанализированы проблемы традиционной линейной модели экономики и последствий ее дальнейшего применения, предопределена неизбежность перехода к иной модели хозяйствования – циркулярной экономики. Рассмотрены различные интерпретации определения циркулярной экономики, изложена ее сущность и роль в дальнейшем устойчивом развитии человечества.

Ogulşirin Akyýewa, Annageldi Saryýew
(Türkmenistan)

TÜRKMENISTANYŇ ULAG-ÜSTAŞYR WE LOGISTIKA MÜMKINÇILIKLERI

Ýurdumyzyň üstünden aragatnaşyk ulgamlarynyň geçmegi döwletimiziň halkara derejede ägirt uly ulag we aragatnaşyk mümkinçiligine eýe bolmagyny üpjün edýär. Şol bir wagtda ýurdumyzyň Bitaraplyk halkara derejesi onuň ulag mümkinçilikleriniň durmuşa geçirilmegine ýardam berýän amatly syýasy giňişlikdir. Ol diňe bir sebitde däl, eýsem, bütin dünýäde ýurdumyzyň halkara ykdysady gatnaşyklaryny ösdürmekde möhüm şertleriň biri bolan parahatçylygy, howpsuzlygy üpjün edýär. Türkmenistan bu gün ygtybarly ykdysady hyzmatdaşlygyň nusgasyny görkezmek bilen, özüniň milli bähbitleriniň köp babatda ählumumy ösüşe degişli iri taslamalary amala aşyrmaga gönükdirilendigini äşgär edýär.

Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary netijesinde ýurdumyzda häzirki zaman ulag-üstaşyr logistiki düzümler, aragatnaşyk we telekommunikasiýa ulgamy kemala getirilýär. Ýurdumyzda ulag ulgamynyň maddy-enjamlaýyn binýadynyň döwrebaplaşdyrylmagyna yzygiderli üns berilýär. Türkmenistan dünýä bileleşiginiň doly hukukly agzasy bolup, ulag babatda birnäçe halkara konwensiýalara we ylalaşyklara gatnaşyp, möhüm resminamalaryň umumy ykrar edilen kadalaryndan gelip çykýan halkara borçnamalaryna gyşarnyksyz eýerýär.

Türkmenistanyň ulag ulgamy önümçilik kuwwatlyklarynyň uly ätiýaçlyklaryna eýe bolup, oňa ýük daşalyşynyň we ýolagçy gatnadylyşynyň, şol sanda biziň ýurdumyzyň çäklerinden geçýän üstaşyr ugurlaryň artýan möçberlerini üpjün etmäge mümkinçilik berýär. Ulag-üstaşyr ulgamy türkmen döwletiniň geosyýasy maksadyna sazlaşykly goşulýar. Şol geosyýasy maksat öz öňünde häzirki zaman depginli ösýän dünýäde ykdysady ýörelgeleriň berkemeginiň takyk strategik wezipelerini goýýar.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow tarapyndan Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halkara ulag geçelgelerini ygtybarlylandyrmak üçin amatly şertleriň döredilmegi döwletimizi yklymara ugurlar boýunça möhüm halkara geçelgä öwürýär. Şunuň bilen birlikde, Bitarap Watanymyz dünýä ýurtlarynyň arasynda üstaşyr ulag geçelgeleri babatda özara bähbitli hyzmatdaşlygyň giňeldilmegini esasy wezipe hökmünde kesgitläp, halkara giňişlikde häzirki zamanyň talaplaryna laýyk gelýän teklipleri öňe sürýär.

Ulag we logistika infrastrukturasy harytlary gaýtadan işlemek, saklamak, paýlamak üçin jogapkär multimodal transport hem-de logistika merkezleriniň

gurulmagy sebäpli ösüp başlady. Şeýle merkezler haryt akymlary üçin maglumat we kanuny goldaw beryär. Multimodal transport we logistika merkezleri köp mukdarda önümi kabul edip, gaýtadan işläp biler. Ulag we logistika pudagynda sanly tehnologiýalaryň işjeň ornaşdyrylmagy netijesinde önümiň ýokary hili saklanylýar, gowşuryş wagty azalýar. Ýakyn geljekde innowasiýa giňişliginiň keşbi aşakdaky komponentler bilen kesgitleniler:

– multimodal ýük daşamak;

– göni garyşyk ýolagçy gatnawy;

– sanlylaşdyrma ulgamynda ulag infrastrukturasyny dolandyrmakda bitewi standartlary ulanmak;

– ulag logistikasynyň howpsuzlygy .

Umuman, Berkarar döwletimiziň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyz gadymy Beýik Ýüpek ýolunyň möhüm halkasy, hereketlendiriji güýji bolmak bilen, halkara ulag-logistika ulgamynyň ösüşinde wajyp orny eýeleýär. Ulag-logistika pudagynyň yzygiderli ösdürilmegi durmuş-ykdysady ösüşler bilen özara sazlaşygy emele getirip, halkara hyzmatdaşlygynyň, dünýä ýurtlary bilen dostluk we doganlyk gatnaşyklarynyň giňeldilmegine oňaýly täsir edýär.

Ogulshirin Akyeva, Annageldi Saryev
(Turkmenistan)

TRANSPORT AND LOGISTICS OPPORTUNITIES OF TURKMENISTAN

The crossing of communication networks across the country ensures that the country has a huge international transport and communication potential. At the same time, the international level of neutrality of the country is a favorable political space that promotes the realization of its transport potential. It ensures peace and security, which is one of the important conditions for the development of international economic relations of the country, not only in the region, but also in the whole world. Presenting an example of reliable economic cooperation, Turkmenistan reveals that its national interests are focused on the implementation of large projects related to global development in many ways.

Огулширин Акыева, Аннагельды Сарыев
(Туркменистан)

ТРАНСПОРТНО-ЛОГИСТИЧЕСКИЕ ВОЗМОЖНОСТИ ТУРКМЕНИСТАНА

Пересечение коммуникационных сетей по территории страны обеспечивает наличие у страны огромного международного транспортно-коммуникационного потенциала. При этом международный статус нейтралитета страны является благоприятным политическим пространством, способствующим реализации ее транспортного потенциала. Он обеспечивает мир и безопасность, что является одним из важных условий развития международных экономических отношений страны не только в регионе, но и во всем мире. Представляя пример надежного экономического сотрудничества, Туркменистан показывает, что его национальные интересы сосредоточены на реализации крупных проектов, во многом связанных с глобальным развитием.

Aknabat Möwlamowa, Serdar Rahmanow
(Türkmenistan)

BANK ULGAMYNYŇ MAGLUMAT HOWPSUZLYGY

“Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda” ýurdumyzda döwrebap maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalaryny giňden ornaşdyrmak we onuň ýokary tehnologik derejede sazlaşykly işlemegini dowam etdirmek, maglumat howpsuzlygyny üpjün etmek, şeýle hem maglumat üpjünçilik ulgamyny mundan beýläk-de ösdürmek bellenilýär.

Bank ulgamynyň sanly transformasiýasy müşderiler bilen işjeň gatnaşyklary guramak, olaryň isleglerine doly düşünmek üçin amaly harajatlary peseltmäge we hyzmatlary ýerine ýetirmegiň netijeli ugurlaryny tapmaga mümkinçilikler berýär. Şunuň bilen baglylykda, bank ulgamy üçin maglumat howpsuzlygy esasy meseleleriň biri bolup durýar.

Maglumat tehnologiýalarynyň ösüşiniň häzirki döwründe ygtybarly bank önümlerini we hyzmatlaryny işläp taýýarlamak üçin olaryň maglumat howpsuzlygynyň talabalaýyk derejesini üpjün etmegiň zerurlygy ýüze çykýar.

Bank ulgamynyň maglumat howpsuzlygyny dolandyrmagyň netijeliligini öwrenmegiň meseleleri häzirki şertlerde aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Ol aşakdaky

sebäpler bilen düşündirilýär: bank ulgamynyň elektron infrastukturasyny ösdürmegiň göwrümleriniň düýpli artmagy; elektron töleg ulgamlaryny peýdalanmagyň netijesinde ykdysady işiň ähli taraplaryna bank ulgamynyň intensiw ösýän elektron infrastrukturasynyň täsiriniň artmagy; maliýe bazarlarynyň globallaşmagy, täze bank önümleriniň we hyzmatlarynyň peýda bolmagy, maliýe guramalarynyň çalt ösmegi hem-de beýleki ýagdaýlar bilen bagly ulgamda bolup geçýän düzümleýin üýtgemeler.

Banklarda maglumat howpsuzlygyny üpjün etmek – ýitgileri iň pes derejelere çenli azaltmaga we geljekde töwekgelçiligiň peýda bolmagynyň ähtimallygyny peseltmäge gönükdirilen çäreleriň toplumynyň işlenilip taýýarlanylmagyny talap edýän ulgamlaýyn prosesdir.

Banklaryň maglumat ulgamlary we maglumat gorlary banklaryň müşderileri barada gizlin (konfidensial) maglumatlary, müşderileriň hasaplarynyň ýagdaýy hem-de dürli maliýe amallarynyň geçirilişi barada maglumatlary saklaýarlar. Bu maglumatlaryň goraglylygyny saklamak zerurlygy düşnüklidir, ýöne maglumatlary tiz we öz wagtynda işlemek hem-de alyşmak mümkinçiliginiň bolmazlygy bank ulgamynyň işinde kynçylyklaryň peýda bolmagyna getirip biler. Şol sebäpli bank maglumatlarynyň goraglylygyny we müşderiler bazasynyň gizlinligini üpjün edip biljek düzümiň bolmagy möhüm ähmiýete eýe bolup durýar.

Maglumatlary goramak boýunça çäreleriň yzygiderliligini aşakdaky ýaly görkezmek bolar: gizlin (konfidensial) maglumaty işläp taýýarlamak we baha bermek; goragy amala aşyrmak üçin obýekti enjamlaşdyrmak; kabul edilen çäreleriň netijeliligine gözegçilik etmek.

Howpsuzlyk ulgamy – barabarlygy anyklamagyň, gözegçilik etmegiň we seljermäniň üznüksiz prosesidir. Banklaryň maglumat howpsuzlygyny üpjün etmek birnäçe esasy ýörelgelere, ýagny näsazlyklary wagtynda ýüze çykarmak, ösüşi çaklamagyň mümkinçiligi, görlen çäreleriň netijeliligi ýaly ýörelgelere laýyklykda amala aşyrylýar. Ykdysady ulgamyň wajyp düzümi hökmünde çykyş edýän bank ulgamynyň maglumat howpsuzlygynyň üpjün edilmegi hökmany şertleriň biri bolup durýar. Banklaryň maglumatlar gorlarynda saklanylýan maglumatyň maddy gymmatynyň bolmagy bu maglumatlaryň goraglylygyna ýokary talaplar bildirilýär. Her bank üçin howpsuzlygy üpjün etmek ulgamlary tapawutlanyp bilýär, şol sebäpli bank ulgamynyň ygtybarly hereket etmeginiň zerur şerti bolup gorag ulgamlarynyň toplumlaýyn we ýokary derejede bolmagy üpjün edilmelidir.

Dünýäniň ösen ýurtlarynyň banklarynda sanly tehnologiýalaryň bank işewürliginde netijeli peýdalanylmagy we olaryň goraglylygy babatyndaky tejribäni seljerip olary milli ykdysadyýetimize girizmek bilen bagly meseleleriň oňyn çözülmegi banklaryň maglumat howpsuzlygynyň ýokary derejede bolmagyna, müşderilere döwrebap bank hyzmatlarynyň hödürlenilmegine mümkinçilik berer.

Aknabat Movlamova, Serdar Rahmanov
(Turkmenistan)

INFORMATION SECURITY OF THE BANKING SYSTEM

The activities of any bank directly depend on the speed at which information is exchanged within it, and the extent to which the information security system is built.

Due to the economic importance of banking systems, maintaining their information security is a prerequisite, because if information in the banks' database represents real material value, then the requirements for storing and processing this information will always be high.

The specifics and features of the security system are, of course, individual for each bank, therefore the comprehensive and professional provision of security systems is a necessary condition for the operation of the entire banking system.

Акнабат Мовламова, Сердар Рахманов
(Туркменистан)

ИНФОРМАЦИОННАЯ БЕЗОПАСНОСТЬ БАНКОВСКОЙ СИСТЕМЫ

Деятельность любого банка непосредственно находится в зависимости от того, с какой скоростью осуществляется обмен информации внутри него и в какой мере построена система защищенности информации.

В силу экономической важности банковских систем, обеспечение их информационной безопасности является обязательным условием. Поскольку если информация, находящаяся в базе данных банков, представляет собой реальную материальную стоимость, то требования к хранению и обработке этой информации всегда будут повышенными.

Специфика и особенности системы обеспечения безопасности, безусловно, индивидуальны для каждого отдельного банка, поэтому комплексное и профессиональное предоставление систем защиты является необходимым условием работы всей банковской системы.

Myratgeldi Berdiýew
(Türkmenistam)

GAZ SENAGATYNY INNOWASIÝA TEHNOLOGIÝASY ESASYNDA ÖSDÜRMEGIŇ DERWAÝYS MESELELERI

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň energetika syýasatyna laýyklykda ýurdumyzyň gaz senagatyny ösdürmekde uly üstünlikler gazanylýar. Tebigy gazyň çykarylyşy yzygiderli artdyryldy, täze gaz ýataklary özleşdirildi we olaryň täze gorlary ýüze çykarylyp, pudagyň çig mal binýady giňeldildi, tebigy gazy daşamagyň infrastrukturasy kämilleşdirildi hem-de ony dünýä bazarlaryna çykarmagyň ugurlaryny diwersifikasiýalaşdyrmakda düýpli işler durmuşa geçirildi.

Türkmenistanda gaz senagatynyň ykdysady netijeliligini artdyrmak döwrüň derwaýys meseleleriniň biridir. Häzirki döwürde Türkmenistanyň gaz senagatynyň innowasiýa tehnologiýasy esasynda ösdürilmegi jedelsiz meseledir. Ol energiýa serişdeleriniň dünýä bazarlarynda bäsleşigiň ýitileşmegi, şeýle hem ýurduň tebigy gazynyň baý gorlaryny netijeli peýdalanmak bilen baglydyr.

Türkmenistanda gaz senagatyny innowasiýa tehnologiýasy esasynda ösdürmek döwlet tarapyndan gollanylmagyny talap edýär. Häzirki wagtda Türkmenistanda döwletiň goldaw bermeginde gaz senagatyny innowasiýa tehnologiýasyna geçirmekde uly işler durmuşa geçiriiýär. Innowasiýa tehnologiýasyna esaslanýan zawodlaryň gurlup ulanylmaga berilmegi bolsa, bu pudagyň öndürýän önümlerini dünýä bazarlaryna giň gerimde çykarmaga mümkinçilik berdi.

Gaz senagatyny innowasiýa tehnologiýasy esasynda ösdürmegiň möhüm ugurlarynyň biri hem pudakda tehnologik önümçiligi guramagyň klaster usulyndan peýdalanmakdyr. Bu usul köpsanly kärhanalaryň, ylmy-barlag edaralarynyň institutlarynyň bilelikdäki ylmy-önümçilik işlerini birleşdirmegiň netijesinde, bäsleşige ukyply önümleri öndürmäge mümkinçilik berýär.

Myratgeldi Berdiyev
(Turkmenistam)

URGENT ISSUES OF DEVELOPMENT OF GAS INDUSTRY BASED ON INNOVATIVE TECHNOLOGY

Increasing the economic efficiency of the gas industry in Turkmenistan is one of the urgent issues of the time. Today, the development of the gas industry of Turkmenistan on the basis of innovative technology is an indisputable issue. It is

connected with the intensification of competition in the world energy markets, as well as with the efficient use of rich natural gas reserves of the country.

Today in Turkmenistan, with support of the state, large-scale activities are being implemented in the transition of the gas industry to the innovative technology. The construction and commissioning of factories based on innovative technology makes it possible to export the products of this industry to the world markets.

Мыратгельди Бердыев
(Туркменистан)

АКТУАЛЬНЫЕ ПРОБЛЕМЫ РАЗВИТИЯ ГАЗОВОЙ ИНДУСТРИИ НА ОСНОВЕ ИННОВАЦИОННЫХ ТЕХНОЛОГИЙ

Одной из наиболее важных задач является повышение экономической рентабельности газовой индустрии страны. Её развитие на базе инновационных технологий является актуальной задачей, вследствие обострения конкуренции на глобальном рынке энергоносителей и необходимости более эффективного использования внушительных запасов природного газа.

В данном контексте при содействии со стороны государства прилагаются большие усилия по переводу профильной индустрии на инновационные рельсы, и в этом деле наблюдается существенный прогресс, о чём свидетельствует открытие заводов с инновационной технологической “начинкой”.

Одним из способов развития газовой индустрии на базе инновационных технологий является использование метода кластерной организации производства, позволяющей выпускать конкурентоспособную продукцию в результате объединения научно-производственной деятельности профильных предприятий и научно-исследовательских институтов.

Maral Atajanowa
(Türkmenistan)

INNOWASION ULAG TEHNOLOGIÝALARY LOGISTIKI AMALLARY KÄMILLEŞDIRMEGIŇ GURALY HÖKMÜNDE

Berkarar döwletimiziň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly ykdysady syýasaty Garaşsyz, Baky Bitarap döwletimiziň milli ykdysadyýetiniň hil taýdan täze belentliklere çykmagyna

kuwwatly itergi berýär. Halk hojalygynyň dürli pudaklarynda rowaç alýan düýpli özgertmeler ýurdumyzyň dünýäniň ösen döwletleriniň hataryna goşulmagynda uly ähmiýete eýedir. Öňdebaryjy kämil tehnologiýalary, innowasiýalary önümçilige ornaşdyrmakda ýurdumyzyň ulag ulgamynda amala aşyrylýan işler aýratyn bellärliklidir.

Soňky ýyllarda eziz Diýarymyzyň ulaglar ulgamynyň ähli görnüşinde ilata edilýän hyzmat barha kämilleşýär. Awtomobil, howa, demir ýol ulaglarynyň hyzmatlaryndan peýdalanýan ýolagçylara ähli amatlyklar we ýeňillikler döredilýär.

"Türkmendemirýollary" agentligi bilen "Türkmenpoçta" aragatnaşyk kärhanasynyň paýtagtymyzyň poçta aragatnaşyk bölümlerinde demir ýol peteklerinin satuwyny amala aşyrmak üçin şahamçalaryň işläp başlamagy, "Türkmenhowaýollary" agentliginiň ýerli we halkara ugurlary boýunça ýolagçy peteklerinin internet (www.turkmenistanairlines.tm) arkaly "online" satuwynyň ýola goýulmagy, Türkmenabat halkara howa menzilinin resmi saýtynyň (www.tia.gov.tm), "Türkmenaragatnaşyk" agentliginiň "Türkmentelekom", "Altyn Asyr", "AŞTU" aragatnaşyk kärhanalarynda internet, IPTV, kabel telewideniýesi, öýjükli we simli telefon hyzmatlary üçin "online" töleg hyzmatlarynyň, hem-de ýeňillikli nyrhnamalarynyň döredilmegi guwandyryjy ýagdaýdyr.

Sözümizi delillendirmek üçin demir ýol ulaglarynda innowasion tehnologiýalary giňden ornaşdyrmak maksady bilen "Android" we "iOS" işlediji ulgamlaryna niýetlenilen "Demirýol" programmasynyň döredilip, halka elýeterli edilendigi barada aýtmak ýerlikli bolar. Bu programma arkaly her bir raýat ýurduň içerki ýolagçy otly gatnawlarynyň haýsy ugra, haýsy şähere we duralga barjakdygyny, otlynyň ugrajak wagtyny kesgitläp bilýär.

Bu innowasion hyzmatlaryň durmuşa girizilmegi halk hojalyk pudaklaryny sanly görnüşe geçirmek boýunça Hormatly Prezidentimiziň başyny başlan asylly işleriniň möhüm ädimleri bolup durýar. Halkara ülňülerine kybap gelýän hyzmatlaryň ýurdumyzda yzygider ornaşdyrylmagy milli Liderimiziň "Döwlet adam üçindir!" diýen baş taglymatynyň Berkarar döwletimiziň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe durmuşyň ähli ugurlarynda dabaralanýandygyny subut edýär.

Biziň ýurdumyz Ýewropa, Aziýa, Ýuwaş ummany we Günorta Aziýa sebitleriniň ykdysady ulgamlarynyň özara gatnaşyklarynyň transkontinental ykdysady köprüsiniň wezipesini ýerine ýetirýär. Şonuň üçin bu babatda "Gündogar – Günbatar" we "Demirgazyk–Günorta" geçelgelerinde ýollary birleşdirýän esasy ugurlar boýunça milli düzümi has-da giňeltmek möhüm wezipeler hökmünde kesgitlenildi. Halkara ulag geçelgeleri dünýä ykdysadyýetiniň globallaşmagynyň esasy ugurlaryna öwrüldi. Türkmenistan bu ösüşlerden çetde galman, öz çäginde yklymyň möhüm ulag merkezlerini döredýär. Ol ýurdumyzyň durnukly ykdysady we durmuş taýdan ösüşine, ýurdumyzda öndürilýän harytlaryň hem-de hyzmatlaryň dünýä bazarlarynda bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga daýanýar, bu bolsa oňa dünýäniň senagat düzüminde mynasyp orny eýelemegine uly mümkinçilik berýär.

Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallasy bilen gurlup ulanylmaga berlen Türkmenbaşy şäherindäki Halkara deňiz menziliniň Hazaryň kenarynda bina edilmegi hem tutuş Merkezi Aziýa sebitiniň esasy logistika halkasyna öwrülmegine gönükdirilendir. Iň häzirki zaman enjamlary bilen üpjün edilen halkara deňiz porty Ýewropa ýurtlary üçin Ýakyn, Orta Gündogar hem-de Hindi ummanynyň sebitindäki ýurtlaryň haryt we çig mal bazarlaryna çykmaga hem aňrybaş amatly şertleri üpjün eder. Şunlukda, ol giň möçberli ýük gatnawlarynyň ýoluna harçlanylýan wagty has gysgaltmaga şert döreder. Munuň özi bolsa logistikanyň esasy şertleridir.

Maral Atadjanova
(Turkmenistan)

INNOVATIVE TRANSPORT TECHNOLOGIES AS A TOOL FOR IMPROVING LOGISTICS PROCESSES

The paper considers a modern system of advanced transport corridors, which requires a large and reliable international transport and logistics infrastructure.

Favorable conditions for the economic development of Turkmenistan, improvement of the industrial and transport infrastructure, as well as the creation of new jobs and the attraction of large investments have been substantiated. The author investigated the notion of transport logistics as a concept that covers all aspects of the transport system and connects sectors of the economy.

Марал Атаджанова
(Туркменистан)

ИННОВАЦИОННЫЕ ТРАНСПОРТНЫЕ ТЕХНОЛОГИИ КАК ИНСТРУМЕНТ СОВЕРШЕНСТВОВАНИЯ ЛОГИСТИЧЕСКИХ ПРОЦЕССОВ

В работе рассмотрена современная система передовых транспортных коридоров, которая требует большой и надежной международной транспортной и логистической инфраструктуры.

Обоснованы благоприятные условия для экономического развития Туркменистана, улучшения промышленной и транспортной инфраструктуры, а также созданию новых рабочих мест и привлечения крупных инвестиций. Автором исследовано понятие “транспортная логистика” как концепция, которая охватывает все аспекты транспортной системы и связывает секторы экономики.

Çerkez Ataýew, Çynar Allanazarowa
(Türkmenistan)

MAHABAT HARYTLARY WE HYZMATLARY HEREKETE GETIRIJI GÜÝÇDIR

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary netijesinde ýurdumyz ösüşlere we özgerişlere beslenýär. Hormatly Prezidentimiziň her bir öňde goýýan maksatnamalary türkmen halkymyzyň eşretli durmuşda ýaşamagyna gönükdirilýär. Munuň aýdyň şaýady ýurdumyzdaky durmuş ähmiýetli önümçilik kärhanalarynyň sanynyň has-da artdyrylmagydyr. Ata Watanymyz Türkmenistan döwletimizde öndürilýän harytlar ýokary hilliligi bilen, dünýä ülňülerine laýyk gelýänligi bilen tapawutlanýar. Öndürilýän azyk senagatyna we dokma senagatyna degişli harytlaryň hil aýratynlyklaryny, isleg ödeýiş häsiýetlerini açyp görkezmek üçin mahabatyň hyzmatyndan peýdalanmak zerurlygy ýüze çykýar. Mahabat marketingi dolandyrmagyň esasy serişdesi bolmak bilen ilata harytlar, hyzmatlar, olaryň isleg ödeýiş häsiýetleri, görnüşleri, hil aýratynlyklary we beýleki amatlyklary barada habar berip, olara alyjylaryň ünsüni çekýär hem-de şol harydy, hyzmaty satyn almak, ulanmak barada höwes döredýär. Ýagny mahabatyň esasy wezipesi kärhananyň bazarynyň giňelmegine we önümçiligiň ösmegine ýardam edýär.

Türkmenistandaky islendik bar bolan mümkinçiliklerden peýdalanyp döwletimiziň adyny, abraýyny, ykdysadyýetini dünýäde has ýokary sepgitlere ýetirmekde mahabatyň hyzmatyndan peýdalanmak zerurdyr. Ýurdumyzda öz gözbaşyny asyrlardan alyp gaýdýan "Türkmen halylarymyz" özüniň nepisligi, berkligi, owadanlygy bilen dünýä halklaryny haýrana galdyrýar. Türkmeniň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz hem özüniň "Janly rowaýat" atly kitabynda: "Biziň döwletimiziň ýene-de bir genji-hazynasy taýsyz çeper eserler bilen deňeşdirilen ajaýyp halylarymyzdyr" diýip belleýär. Türkmen halylarynyň ajaýyp gözellik nusgalarynyň mahabaty ýok diýen ýaly. Ýöne daşary ýurt bazarlaryndaky alyjylara, türkmen halylarynyň çig maly bolan ýüplüginiň, türkmen saryja tohumly goýunlarynyň ýüňünden taýýarlanylýandygyny, ol ýüň süýüminiň bolsa örän ýumşak, özboluşly mymyjak süýümlerden taýýarlanylýandygyny, ol ýüň süýümleriň saryja tohumly goýunlarynyň türkmen sährasynda witaminlere örän baý, gül-çeçeklerden iýmitlenip, arly gyşyň, jöwzaly yssynyň täsirleri netijesinde emele gelýändigini, asly reňkiniň akdygyny, dürli boýaglar hökmünde tebigy ösümlikleriň, ir-iýmişleriň ulanylýandygyny, ol boýaglaryň ýyl geçdigiçe öwüşgün atýandygyny we ş.m. ilata düşündirmek gowy netijeleri berip biler. Başga-da biziň türkmen çakyrlarymyzyň mahabaty ýeterlik derejede içerki we

daşarky bazarlarymyzda edilse, onda öz çakyrlarymyza bolan isleg has köpelerdi. Şeýle-de tagamyna taý tapylmaýan gawunlarymyzyň we gawun kaklarymyzyň iýmitlik gymmatynyň ýokarylygyny, witaminlere baýlygyny açyp görkezmelidir. Syýahatçylyk hem häzirki döwürde dünýäde iň uly girdeýji getirýän pudakdyr. Bu pudak dünýäniň birnäçe ýurtlarynyň ykdysadyýetine önleýji goşant goşup girdejisiniň agramly bölegini daşary ýurtly syýahatçylaryň hasabyna emele getirýär.

Hormatly Prezidentimiz syýahatçylyk we dynç alyş industriýasyny ösdürmegiň Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hökmünde hasaplanylýandygyny belläp, bu geljegi örän uly ugur boýunça dünýäde toplanylan oňyn tejribäni öwrenmegiň möhümdigini hem-de mahabat ýaly wajyp ähmiýetli tarapyna aýratyn üns berilmelidigini nygtady.

Ýurdumyzda ilkinji nobatda "Awaza" milli syýahatçylyk zolagyna degişli Hazaryň kenar ýakasynda döredilýän halkara derejeli deňiz şypahanasynyň giňden mahabat işini guramak zerurdyr.

"Awaza" milli syýahatçylyk zolagy bilen bir hatarda Mollagara kölüne, Garaçagyl, Parhaý ýaly ýyly suwly çeşmelere, Parawbibi, Moşat–Misserian ýaly taryhy ýadygärliklere, Magtymguly etrabyndaky bar bolan gözelliklere we başga-da Balkan welaýatyndaky beýleki ajaýyplyklary, Parfiýa şalarynyň mekany bolan Köne Nusaý, Sarahs, Abywerd, Goňurdepe, Gündogarda antik ojaklaryň biri bolan Gadymy Merw, Bathyzyň gaýtalanmajak giňişlikleri, Repetegiň owazly çäge alaňlary, Köýtendagyň ertekä kybapdaş künjekleri we başgalar bilen tapawutlanýan ýerlere myhmanlara syýahat etmekligi hödürlemek mahabatyň esasy wezipesi bolmalydyr.

Cherkez Ataev, Chinar Allanazarova
(Turkmenistan)

ADVERTISING – THE ENGINE OF PRODUCTS AND SERVICES

In Turkmenistan, in recent years, the number of users of advertising services has increased significantly to raise the name, reputation and economy of our country to a higher level. The availability of high-quality goods produced in our country dictates the need to use advertising services to highlight the quality characteristics and demand for goods related, in particular, to products of the food and textile industries.

Черкез Атаев,Чинар Алланазарова
(Туркменистан)

РЕКЛАМА – ДВИГАТЕЛЬ ТОВАРОВ И УСЛУГ

В Туркменистане в последние годы значительно увеличилось число пользователей рекламных услуг для поднятия рейтинга, репутации экономики нашей страны на более высокий уровень. Наличие товаров высокого качества, производимого в нашей стране, диктует необходимость использования услуг рекламы для освещения качественных характеристик и востребованности товаров, относящихся, в частности, к продукции пищевой и текстильной промышленности.

Maýsa Atajaýewa
(Türkmenistan)

LOGISTIKA ÇYKDAJYLARYNYŇ KÄRHANANYŇ BÄSLEŞIGE UKYPLYLYGYNA TÄSIRI

Häzirki zaman şertlerinde döwrebap bäsdeşlik artykmaçlyklarynyň esasan önümçiligiň, dolandyryşyň we harytlaryň ilerledilmegini guramagyň zerurlygyny nazara almak bilen, ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygynyň häzirki zaman konsepsiýalarynyň toplumlaýyn ornaşdyrylmagynyň hasabyna ýokarlanýandygyny bellemek bolar. Bäsdeşlige ukyplylyk köp babatda goşmaça gymmaty emele getirmäge ýardam berýän amatly ykdysady-hukuk gurşawynyň ösüşi bilen hem bagly bolup durýar.

Logistikanyň kärhananyň netijeliligine we bäsdeşlige ukyplylygyna täsiri, logistika ulgamynyň esasy wezipesi bolan sarp edijilere hyzmat etmekden ugur alnyp, kärhananyň strategiýasyna näderejede laýyk gelýändigine hem-de durmuşa geçirilişine baglydyr. Ykdysady nukdaýnazardan seredilende bu çykdajylary täsirli derejede saklamak bilen goşmaça gymmaty öz içine alýan üpjünçilik zynjyrynda ep-esli artykmaçlyk döretmek göz öňünde tutulyp bilner. Şonuň üçin logistika ulgamy kärhananyň umumy çykdajylaryny amatlaşdyrmagyň öňdebaryjy parametrine öwrülýär.

Maddy, maglumat we maliýe amallarynyň aýry-aýry elementlerini öz içine alýan logistika amallary, belli bir çykdajylaryň ýüze çykmagyna sebäp bolýar, bu tejribede sözüň düýp manysynda hemişe çykdajylar bilen kesgitlenilmeýär. Muňa garamazdan, ol maliýe görkezijilerine täsir etmek bilen birlikde, kärhananyň umumy işine hem

täsirini ýetirýär. Kärhananyň maliýe görkezijilerinde şöhlelenýän logistika amallary bilen baglanyşykly çözgütleriň aşakdaky toparlaryny tapawutlandyryp bolar:

1. Işçi güýjüni, zähmet serişdelerini we obýektleri, şeýle hem logistika amallaryny amala aşyrmak bilen bagly üçünji tarap hyzmatlaryny peýdalanmak.

2. Kärhananyň töleglerini, goşmaça gymmata we çäreleri guramak üçin çykdajylaryň ýa-da peýdanyň paýlanyşynyň elementlerine goşmak.

3. Logistika amallarynyň netijesinde kärhananyň aktiwleriniň azalmagy.

4. Logistika amallarynyň guralyşynyň kämil däldigi bilen bagly ýitirilen girdejiler.

Logistiki çykdajylar, ulanylýan işçi güýjüniň, zähmet serişdeleriniň we obýektleriň, maliýe çykdajylarynyň we kärhananyň içinde maddy gymmatlyklaryň mahabatlandyrylmagy netijesinde kärhanalaryň arasynda, şeýle hem ätiýaçlyklary saklamakda ýüze çykýan adatdan daşary ýagdaýlaryň dürli ýaramaz netijelerini görkezýär. Logistika çykdajylary aşakdakylar bilen häsiýetlendirilýär: ýönekeý taraplary boýunça toparlara bölünip, dürli çykdajy toparlarynyň arasynda paýlanylmagy, kärhananyň umumy çykdajylarynda ýokary we köplenç artýan paýy; bahanyň dürli döwürlerde üýtgemegi, umumy göwrümini kesgitlemek we köpsanly hasap hem-de hasaplaşyk amallarynyň ýerine ýetirilmegi bilen bagly işleriň çylşyrymlylygy.

Diýmek, ykdysady mazmuna görä logistika çykdajylarynyň klassifikasiýalarynyň dürlüligini aşakda görkezilenlere çenli azaldyp bolar (*1-nji surat*).



1-nji surat. Logistiki çykdajylaryň gurluşy

Şeýlelikde, önümçilik kärhanasynyň we üpjünçilik zynjyryna gatnaşyjylaryň hemmesi bilen baglanyşykly kabul ederlikli logistika çykdajylaryny kesgitlemekde kärhananyň strategik maksatlary we alyp barýan syýasaty aýgytly orny eýeleýär.

Maysa Atadjayeva
(Turkmenistan)

IMPACT OF LOGISTIC COSTS ON THE COMPETITIVENESS OF AN ENTERPRISE

The author substantiates the impact of logistics on the efficiency and competitiveness of a company from an economic point of view, containing added value while maintaining costs at an effective level.

The work examines logistic processes, covering both material and information processes, as well as individual elements of financial processes. The structure of logistic costs is given, where the components of logistic costs and the financial results of logistic processes are reflected differently both in the accounting and in the balance sheet of profits and losses of the enterprise.

Майса Атаджаева
(Туркменистан)

ВЛИЯНИЕ ЛОГИСТИЧЕСКИХ ЗАТРАТ НА КОНКУРЕНТОСПОСОБНОСТЬ ПРЕДПРИЯТИЯ

Автором обосновано влияние логистики на эффективность и конкурентоспособность фирмы с экономической точки зрения, содержащая добавленную стоимость при поддержании издержек на эффективном уровне.

В работе рассмотрены логистические процессы, охватывающие как материальные и информационные процессы, так и отдельные элементы финансовых процессов. Приведена структура логистических затрат, где компоненты логистических затрат и финансовые результаты логистических процессов по-разному отражаются как в учете, так и в балансе прибылей и убытков предприятия.

Nurgeldi Ýagmyrow
(Türkmenistan)

AMMARDAKY TEHNOLOGIK PROSESI GURAMAGYŇ ESASY WEZIPELERI

Ýurdumyzda bazar ykdysadyýetiniň emele gelmeginde logistikanyň ähmiýeti ýokarlanýar, bu guramanyň we dolandyryşa logistika çemeleşmesi gurlup ulanylmaga berilýän kärhanalaryň ammar ulgamynyň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin mümkin bolan mümkinçilikler bilen baglanyşyklydyr.

Ammar, alnan harytlary kabul etmek, ýerleşdirmek we saklamak, sarp etmäge taýýarlamak şeýle-de sarp edijä goýbermek üçin niýetlenilen binalar, desgalar hem-de dürli enjamlardyr. Söwda ammary material we tehniki binýadyň aýrylmaz bölegidir hem-de ol dolanyşyk ulgamynda işleýän zähmet serişdelerini aňladýar.

Ammaryň guralyşyna dürli faktorlar täsir edýär: harytlaryň ätiýaçlyklarynyň göwrümi, tebigaty we saklanyş möhleti, ammary degişli enjamlar bilen enjamlaşdyrmak, ammar jaýlarynyň göwrümi, ýerleşişi.

Ammarlar lomaý söwda kärhanalarynyň gurluşlarynyň esasy toplumyny, bölek satuw söwdasynyň maddy we tehniki bazasynyň möhüm bölegini emele getirýär. Şeýle-de bolsa, bölek satuw kärhanalary diňe satuw amallaryny üpjün etmek üçin häzirki inwentarlary ýöretmeli.

Ammarlaryň köpüsi aşakdaky esasy wezipeleri ýerine ýetirýärler:

– üpjün edijilerden haryt almagy we olaryň hiline gözegçilik etmegi;

– ätiýaçlyklary döretmegi we saklamagy;

– önümçilik assortimentini täjirçilik görnüşine öwürmegi we harytlary satmak üçin taýýarlamagy;

– bölek söwda torlaryny harytlar bilen üpjün etmegi;

– harytlaryň möwsümleýin we uzakmöhletli saklanmagyny.

Ammar meýilnamasynyň esasy wezipesi, harytlaryň mümkin boldugyça sarp edijiler üçin elýeterli bolmagy üçin saklanylmagyny üpjün etmekdir. Şol bir wagtyň özünde, önümiň hil we mukdar aýratynlyklaryny ýitirmezligi üçin saklanylmagy hem möhümdir.

Ammaryň tutuş meýdany iki bölekden ybarat: saklamak we saklamak üçin ulanylmaýan ýerler. Ammarlarda harytlar gaýtadan işlenilende dürli enjamlar ulanylýar, olary iki esasy görnüşe bölüp bolar: tehnologik we işlemek.

Tehnologik enjamlar hökmünde aşakdakylar giňden ulanylýar: paletler, gaýtadan ulanylýan gaplar, uniwersal we ýöriteleşdirilen gaplar, gaplar, bunker enjamlary, gaplar. Bu enjam gönüden-göni harytlary saklamak üçin ulanylýar.

Harytlary sortlamak, gaplamak we gaplamak üçin enjamlar dürli görnüşli terezini, ykjam arabalary, synag oturgyçlaryny, ölçeg we barlaghana gurallaryny, sumka ýasaýjy maşynlary we gaplaýyş bölümlerini öz içine alýar.

Uly we orta göwrümli ammarlarda göteriji hem-de daşaýjy enjam hökmünde kranlar, ýükleýjiler, stakerler, elektrik ýük awtoulaglary, konweýer we konweýer ulgamlary ulanylýar. Harytlar belentliklerde saklanylanda, el zähmetini doly çalyşýan we ýok edýän çylşyrymly göteriş hem-de ulag mehanizmleri ulanylýar.

Kiçi göwrümli ammarlarda el awtoulaglaryndan, bunker arabalaryndan, konweýerlerden peýdalanylýar. Kiçi ammarlarda tehnologik amallaryň hemmesini diýen ýaly bir işçi topary amala aşyryp biler. Uly ammarlarda harytlary almak, saklamak we eltip bermek boýunça amallar degişli işleýän bölümler tarapyndan amala aşyrylýar.

Harytlary ammara kabul etmek boýunça işleri guramak, harytlary ammarda gaýtadan işlemegiň tehnologik prosesiniň birinji tapgyrydyr.

Harytlaryň kabul edilmegi, harytlaryň hakyky mukdaryny, hilini we dolulygyny kesgitlemek, şeýle hem gyşarmalary hem-de sebäpleri kesgitlemekdir.

Ammary kabul etmegiň amallary we gurluşy aşakdakylara baglydyr:

– eltiş usuly (üpjün edijiniň ýa-da alyjynyň demir ýol, suw, howa ýa-da ýol ulagy bilen);

– kabul edilýän ýeri (üpjün edijiniň ýa-da alyjynyň ammarynda);

– kabul etmegiň tebigaty (mukdar we hil taýdan);

– eltmegiň görnüşi (gaplarda ýa-da konteýnerlerde) we ş.m.

Umuman, ammar işini guramakda maddy baýlyklaryň geçirilmegi we saklanylmagy, şeýle hem olaryň öndürilmegi bilen baglanyşykly esasy tendensiýa kärhananyň ammar işini mehanizasiýalaşdyrmak hem-de awtomatlaşdyrmakdyr. Şeýle hem ammar we ulag amallaryny bir awtomatlaşdyrylan toplumda birleşdirmekdir.

Nurgeldi Yagmyrov
(Turkmenistan)

PRIMARY PROBLEMS OF ORGANIZING THE TECHNOLOGICAL PROCESS IN A WAREHOUSE

The author determined that the growing importance of logistics in the formation of a market economy in the country is associated with the possibilities of increasing the efficiency of the warehouse system of enterprises that build and implement a logistics approach to management.

The article clarifies that the warehouse is an integral part of the material and technical base and represents labor resources working in the circulation system.

Нургельды Ягмыров
(Туркменистан)

ОСНОВНЫЕ ЗАДАЧИ ОРГАНИЗАЦИИ ТЕХНОЛОГИЧЕСКОГО ПРОЦЕССА НА СКЛАДЕ

Автором определено, что возрастающее значение логистики в формировании рыночной экономики в стране связано с возможностями повышения эффективности складской системы предприятий, которые строят и реализуют логистический подход к управлению.

В статье уточняется, что склад является неотъемлемой частью материально-технической базы и представляет собой трудовые ресурсы, работающие в системе обращения.

Mekan Döwrangeldiýew
(Türkmenistan)

ULAG ULGAMYNY DOLANDYRMAGYŇ DÖWREBAP USULLARY

Ulagyň dolandyryş gurluşy dikleýin: döwlet, ýerli we pudaklaýyn edaralar bolmak bilen jemgyýetiň ösüşiniň häzirki zaman tapgyrynda ulag prosesiniň strategik maksady gatnaw ýük geçiriji hem-de ýolagçy hyzmat ediş ulgamynyň geljekki ösüşidir. Bu maksady gazanmak üçin aşakdaky meseleler amala aşyrylýar:

– eýeçiligiň dürli görnüşleriniň ulagyň ähli görnüşleriniň bir wagtda bolýan özara gatnaşykda ulag hyzmatynyň bäsleşikli bazarynyň emele gelmegi;

– bitewi ulagyň we onuň düzüm böleklerniň kanunçylyk-hukuk hem-de kada bazasynyň ösüşini, hereket edýän şertlerini kämilleşdirmek;

– ýokary netijeli ulag-tehnologik ulgamlarynyň esasynda döwrebap ulag tehnologiýalary we tehniki serişdeleri girizmek;

– Türkmenistanyň ulag ulgamynyň özara amatly şertleriniň esasynda dünýä ulag ulgamyna, şol sanda ulag zolaklary arkaly birleşmegi (integrirleşdirmek) bolup durýar.

Bu meseleleri amala aşyrmak ykdysadyýetiň ähli pudaklary üçin we ýörite ulag üçin umumy dolandyryş döwre laýyk esaslanýar. Dolandyryşyň döwre laýyk degişlileri şular bolýar:

– pudaklary we kärhanalary döwletiň hukuk we ykdysady sazlaşdyrmagy;

– dolandyryşyň pudaklaýyn, sebitleýin we dikleýin derejelerde utgaşmagy;

– awtoritar ýolbaşçylyk, kollegiallyk, her bir adamyň we kollektiwin jogapkärçiligi bilen tertibi berkitmek, ýagny önümçiligiň tehnologik, zähmet, hukuk tertibini berk berjaý etmek.

Ulagy dolandyrmagyň ýöriteleşdirilen ýörelgelerine şular degişli bolýar:

– dolandyryşyň awtomatlaşdyrylan ulgamy, dolandyryşyň merkezleri, dispetçer gullugy arkaly hemişe giňişlikde we wagtda üýtgeýän gatnaw prosesine operatiw täsirini ýetirmek;

– gatnaw konweýeriniň ähli zynjyrlarynyň obýektiw özarabaglanyşygy we özara hereketi dolandyrmak;

– awtoritar ýolbaşçylyk, kollegiallyk, pudaklaýyn (ulagyň görnüşleri boýunça hojalyklar), territorial (ulag obýektleriniň ýerleşmegi) we wezipeleýin (işiň görnüşleri we olary ýerine ýetirmek boýunça jogapkärçilik) alamatlary bilen utgaşdyrmak.

Meseleler we ýörelgeler dolandyryşyň dürli usullary bilen amala aşyrylýar. Bulara şular degişli bolýar:

– administratiw-ustaw, tertip, kadalar, gollanma, buýruklar, görkezmeler, wezipe gollanmalar arkaly ulag kärhanalaryna we gatnaw prosesine guramaçylyk-tabşyryk täsiri;

– hukuk – kanunçylyk we häkimýet resminamalar, şertnamalar, hususy we toparlaýyn jogapkärçilik;

– ykdysady – karzlar, maýa goýumlar, tarifler, stawkalar, sylaglar, jerimeler;

– sosial – psihologik – howandarlyk, minnetdarlyk, käýinç, adam faktoryny hasaba almak.

Mekan Dovrangeldiyev
(Turkmenistan)

THE MODERN METHODS OF DRIVING TRANSPORT

Nowdays traffic driving environment, state, local and departmental institutions, as well as technological transformation of society development are the future development of the transportation process.

The implementation of modern issues of driving transport and various driving methods is the reason for the need to improve the regulatory framework in this system, create an equal structure, create completely new approaches to driving and training high-level specialists for transport systems.

Today, the highly developed transport system is a key to addressing sustainable development priorities of society. The changing market of transport-logistic technologies is one of the most common ways to provide employment to youth, especially with improved transport links around the world.

Мекан Доврангельдыев
(Туркменистан)

СОВРЕМЕННЫЕ МЕТОДЫ УПРАВЛЕНИЯ ТРАНСПОРТОМ

На современном этапе управления транспортом государственные, местные и ведомственные учреждения, а также технологическая трансформация развития общества являются основой будущего развития транспортного процесса.

Реализация современных вопросов управления транспортом и различных методов управления – это причина необходимости совершенствования нормативно-правовой базы в этой системе, создания равноправной структуры,

создания совершенно новых подходов к управлению, подготовки специалистов высокого уровня.

Сегодня высокоразвитая транспортная система является ключом к решению приоритетов устойчивого развития. Меняющийся рынок транспортно-логистических технологий является одним из наиболее распространенных способов обеспечения занятости молодежи, особенно с улучшением развития транспортного сообщения по всему миру.

Dünýägözel Haýytowa
(Türkmenistan)

OBA HOJALYK PUDAGYNY KARZLAŞDYRMAGYŇ MÜMKINÇILIKLERI

Durmuşa gönükdirilen häzirki bazar ykdysadyýetinde karz serişdeleriniň kömegi bilen maýanyň gaýtadan paýlanylmagy, önümçiligiň üznüksizligi, pul aýlanyşygynyň tizligi üpjün edilýär, pudaklaryň düşewüntliligi ýokarlandyrylýar.

Oba hojalyk karzlary – karz edaralary ýa-da guramalary tarapyndan oba hojalyk önümçiligini maliýeleşdirmek üçin berilýän karz serişdelerini özünde jemleýär. Daşary ýurtlaryň iş tejribesinde oba hojalyk karzynyň tapawutly aýratynlygy onuň guramaçylyk meselelerine döwletiň işjeň gatnaşmagynda jemlenýär. Daşary ýurtlaryň iş tejribesinde oba hojalyk pudagynyň karzlaşdyrylmagyna dürli seljermeler berilýär.

Germaniýa, Beýik Britaniýa, Gollandiýa ýaly ýurtlarda önüm öndürijileriň uly bölegi iri kooperatiw banklar, iri täjirçilik banklary, şeýle hem banka degişli bolmadyk iri karz guramalary tarapyndan maliýeleşdirilýär.

Hindistan we Hytaý ýaly ýurtlarda iri karz guramalarynyň karz serişdelerini gaýtadan maliýeleşdirmek arkaly oba hojalyk önümleriniň satyn alynmagy, saklanylmagy, gaýtadan işlenilmegi we beýlekiler üçin önüm öndürijilere ýeňillikli karzlar berilýär. Mundan başga-da önüm öndürijileri goldamak maksady bilen, karz edaralary tarapyndan ýörite maslahat beriş hyzmatlary hem ýerine ýetirilýär.

ABŞ-da ýurduň iri karz birleşmeleri tarapyndan maliýeleşdirilýän karz serişdeleriniň aglaba bölegi kiçi göwrümli oba hojalyk işini alyp barýan fermerlere gönükdirilýär.

Kanada, Russiýa döwletlerinde esasan hem önüm öndürijilere ekin meýdanlarynyň işiniň geçirilmegi hem-de hasylyň toplanylmagy üçin degişli banklar tarapyndan bölekleýin görnüşde göterimsiz karzlar berilýär. Bu bolsa önüm öndürijileriň möwsümleýin önümleriniň satuwyny uzaltmaga mümkinçilik berýär.

Türkmenistan döwletimizde ýurduň ykdysady taýdan kuwwatlanmagyna, ilatyň durmuş taýdan üpjünçiligini ýokarlandyrmaga gönükdirilen ýeňillikli karzlaşdyryş ulgamy babatda giň möçberli işler edilýär. Ýurduň oba hojalyk

önümlerini öndürijilerine dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniň ýokary öndürijilikli innowasion tehnologiýalaryny, döwrebap enjamlaryny satyn almak we önümçilige öňdebaryjy tejribeleri giňden ornaşdyrmak boýunça ähli mümkinçilikler döredilýär. Oba hojalygynyň önüm öndürijileri üçin oňaýly şertleri döretmäge we olary maliýe taýdan goldamaga aýratyn ähmiýet berilýär. Şu maksat bilen, olara ýeňillikli bank karzlary berilýär.

"Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak", "Ýurdumyzda oba hojalyk önümlerini öndürijileri maliýe taýdan goldamak" hakynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararlaryna hem-de "Oba hojalygyny ösdürmegi döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek hakynda" Türkmenistanyň kanunyna laýyklykda berilýän ýeňillikli bank karzlaryny muňa mysal hökmünde görkezip bolýar. Kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namalara laýyklykda ýurdumyzda dürli görnüşli gök, et, süýt önümleriniň, ýokary hilli gaplanan önümleriň öndürilmegi netijesinde azyk önümçiliginiň bolçulygy üpjün edilýär.

Türkmenistanyň karz edaralary tarapyndan kiçi we orta telekeçilige degişli taraplara, oba hojalyk pudagynyň önüm öndürijilerine önümleri öndürmek, işleri hem-de hyzmatlary ýerine ýetirmek bilen bagly maýa goýum taslamalary üçin berlen ýeňillikli karz serişdeleriniň hasabyna soňky ýyllarda ýüzlerçe taslama karzlaşdyrylyp, ykdysadyýetde müňlerçe goşmaça iş orunlary döredildi.

Milli önüm öndürijilere berilýän goldawyň netijesinde halkyň isleglerini kanagatlandyrýan ýokary hilli önümleriň we hyzmatlaryň sany yzygiderli artdyrylýar. Bu hem, öz gezeginde, halkyň girdejilerini we durmuş taýdan üpjünçiligini ýokarlandyrmaga, ykdysadyýetiň önümçilik kuwwatyny artdyrmaga, import edilýän harytlaryň ýerli önümler bilen öwezini çalyşmaga we eksport edilýän harytlaryň görnüşlerini köpeltmäge öz goşandyny goşýar.

Dunyagozel Hayytova
(Turkmenistan)

LENDING OPPORTUNITIES FOR THE AGRICULTURAL INDUSTRY

Loans are required for the short-term and long-term financing of the agricultural sector, for the purposes of further strengthening of the technical and technological potential. Agricultural loans are the loans extended by the lending institutions or organizations to improve the agricultural production.

A variety of preferential bank loans ensures the active introduction of advanced economic management methods into the country's economy, the development of efficient, modern technologies, the creation of new job places, and an increase in volumes of high-quality food and non-food products.

Дуньягозель Хайитова
(Туркменистан)

ВОЗМОЖНОСТИ КРЕДИТОВАНИЯ СЕЛЬСКОХОЗЯЙСТВЕННОЙ ПРОМЫШЛЕННОСТИ

Кредиты необходимы при краткосрочном и долгосрочном финансировании аграрного сектора, при дальнейшем повышении технического и технологического потенциала. Сельскохозяйственные кредиты – средства, предоставляемые кредитными учреждениями или организациями для дальнейшего совершенствования сельскохозяйственного производства.

Разнообразные банковские кредиты на льготных условиях обеспечивают активное внедрение в экономику страны передовых методов ведения хозяйства, развитие эффективных, современных технологий, создание новых рабочих мест, увеличение объемов качественной продовольственной и непищевой продукции.

Ýazmyrat Mollaýew
(Türkmenistan)

AWTOULAGLY HYZMATLARYŇ NETIJELILIGINE WE HILINE BAHA BERMEK

Awtoulag jemgyýetiň öndüriji güýçlerini ösdürmekde, ýurduň we ilatyň ýükleri daşamak hem-de ýolagçylary gatnatmak boýunça zerurlyklaryny kanagatlandyrmakda möhüm orny eýeleýär. Ol ykjam, dürli zada ýaramly, çeýedir we ulaglaryň ähli görnüşlerini umumy (bütewi) ulgam hökmünde birleşdirmäge ukyplydyr, şoňa görä-de, awtoulag Türkmenistanyň ulag toplumynyň esasy düzümi bolup durýar.

Ýurduň ykdysadyýetiniň pudaklarynyň aglabasynyň harytlarynyň özüne düşýän gymmaty, zähmet öndürijiligi, bäsdeşlige ukyplylygy awtoulag arkaly berjaý edilýän hyzmatlaryň netijeliligine we hiline baglydyr.

Önümçiligiň netijeliligi umumy ykdysady dereje (kategoriýa) bolup, önümçiligiň adaty netijesiniň we umumy sarp edilen zähmetiň arasyndaky gatnaşygy (deňeçerligi) aňladýar. Netijelilik önümçilik serişdelerini we janly zähmeti ulanmak arkaly gazanylýan ahyrky peýdaly netijäni, umumy maýa goýumlarynyň berýän peýdasyny äşgär edýär. Önümçiligiň netijeliligini aňlatmak üçin formulany önümçiligiň harajatlara ýa-da ulanylýan gorlara (resurslara) gatnaşygy hökmünde

görkezmek bolar. Netijäniň neneňsi gorlary ulanmak ýa-da harajatlary çykarmak arkaly gazanylandygy baradaky düşünje ykdysady netijeliligiň derejesini äşgär edýär. Netije näçe köp boldugyça we harajatlar az boldugyça, önümçiligiň ykdysady netijeliligi şonça ýokary bolýar.

Netijelilige we hile berlen bahanyň görkezijilerini saýlap almak we ölçegleri esaslandyrmak ykdysady netijeliligiň nazaryýetinde esasy mesele diýlip hasaplanylýar.

Ýükleriň we ýolagçylaryň daşalmagyny, awtoulagly hyzmatlary hem-de işleri seljermek ulanyş boýunça, ykdysady ölçeýjileriň kömegi arkaly, awtoulagyň işiniň netijeliligine, hiline baha bermäge mümkindçilik döredýär. Ulanylýan bu ölçegler halk hojalygynyň bähbitlerini äşgär edýär, çünki ykdysadyýetiň birgiden pudaklarynyň işi awtoulag bilen gönüden-göni baglanyşyklydyr.

Guramaçylyk boýunça we tehniki, tehnologik, ykdysady, durmuşa degişli beýleki çäreleriň amala aşyrylmagy hem-de daşamagy guramakda bolup geçýän ähli özgerişlikler tehniki ulanyşa degişli görkezijileriň ähmiýetine öz täsirini ýetirýär. Ahyrky netijede bu görkezijiler awtoulaglaryň sebitdäki işiniň netijeliligini we hilini kesgitleýär.

Awtoulaglaryň işiniň netijeliligine ýerine ýetirilen işiň mukdaryny we hilini häsiýetlendirýän tehniki we ulanyşa degişli görkezijileriň ulgamy arkaly baha berilýär.

Awtoulaglaryň işiniň netijeliligine we hiline täsir edýän tehniki hem-de ulanyşa degişli görkezijileri iki topara bölmek bolar.

Birinji topara awtoulaglaryň hereket edýän düzüminden (sostawdan) peýdalanmagyň derejesini häsiýetlendirýän görkezijileri: hereket edýän düzümiň tehniki taýdan taýýarlygynyň, işe çykmagynyň we ulanylmagynyň koeffisiýentlerini; ýük göterijiliginden, sygymlylygyndan peýdalanmagyň we geçilýän aralygyň koeffisiýentlerini, geçilýän ýoluň ortaça aralygyny hem-de ýüküň daşalýan ortaça aralygyny; ýüklemek-düşürmek üçin ulagyň durýan wagtyny, narýaddaky wagty, tehniki we ulanylyş tizligini goşmak bolar.

Ikinji topar hereket edýän düzümiň işiniň netijeleriniň täsirini: gatnawlaryň sanyny, daşalýan umumy aralygy we ýükli ýagdaýda geçilýän aralygy, daşalan ýüküň möçberini hem-de ulagly işi häsiýetlendirýär.

Düşewüntliligi seljermegiň netijeleri awtoulaglaryň işiniň wagt we öndürijilik boýunça netijeliliginiň peseldilmegine gönükdirilmelidir. Daşamagyň özüne düşýän gymmatynyň pesedilmegi, zähmet öndürijiliginiň ýokarlandyrylmagy düşewüntliligi artdyrmagyň mümkinçilikleri (rezerwleri) diýlip hasaplanylýar. Bulardan başga-da, maddy gymmatlyklaryň normatiwden artyk gorlaryny aýyrmak, artykmaç esasy önümçilik gaznalaryny ýerlemek, meýilleşdirilmedik harajatlary we ýitgileri azaltmak hem-de aradan aýyrmak makul görülýär.

Şeýlelikde, bazar şertlerinde awtoulag hyzmatlarynyň netijeliligine, hiline baha bermek önümiň gijikdirilmän täzelenmegine, daşamagyň, hyzmatlaryň täze görnüşleriniň kämilleşdirilmegine, müşderä zerur zatlaryň öwrenilmegine, gaýtadan işlenilip düzülmegine, zadyň aralyk wagtda aýawly saklanylmagyna, ýüklemek-düşürmek boýunça amallaryň hem-de maglumat we beýleki hyzmatlaryň guralmagyna aýratyn ýardam eder.

Yazmyrat Mollaev
(Turkmenistan)

ASSESSING THE EFFICIENCY AND QUALITY OF CAR SERVICE STATIONS

The author assessed the quality of car services in market conditions and proposed recommendations for increasing the efficiency of road transport. It is justified to immediately update the automotive product, develop new types of transport and services, study and process customer needs, intermediate storage of goods, loading and unloading, as well as information and other services.

Язмурат Моллаев
(Туркменистан)

ОЦЕНКА ЭФФЕКТИВНОСТИ И КАЧЕСТВА АВТОСЕРВИСОВ

Автором дана оценка качества автосервисов в рыночных условиях, предложены рекомендации для повышения эффективности автомобильного транспорта. Обоснована необходимость немедленного обновления автомобильного продукта, разработки новых видов транспорта и услуг, изучения и обработки потребностей клиентов, промежуточного хранения грузов, погрузки и разгрузочные работы, а также информационные и другие услуги.

Nazar Meredow, Perhat Çaryýew
(Türkmenistan)

YKDYSADYÝET HOWANYŇ ÜÝTGEMEGINE GARŞY GURAL HÖKMÜNDE

Daşky gurşawyň ykdysadyýeti daşky gurşawa täsirini ýetirýän kompaniýalaryň kabul eden kararlaryny seljermäge we netijesinde daşky gurşawy goramak üçin maksatnamalary düzmäge gönükdirilendir. Uly möçberde harytlaryň we hyzmatlaryň öndürilmegi netijesinde daşky gurşawa ýetirilen zyýan bazarda göz öňünde tutulmaýar. Bu bolsa, bazaryň netijeli işlemezligine sebäp bolýar. Kärhanalaryň we adamlaryň daşky gurşawa ýaramaz täsirini azaltmak üçin ýörite salgytlar, öndürilýän önümiň möçberiniň ýokarky çägini bellemek ýaly düzgünler girizilýär. Daşky gurşawy goramak syýasaty durnukly ösüşi we geljekki nesilleriň abadançylygyny üpjün etmäge gönükdirilendir.

Nazar Meredow, Perhat Çaryýew
(Türkmenistan)

ECONOMICS AS A POTENT TOOL FOR CLIMATE CHANGE

Economics is the study of decision-making by various agents, such as consumers, firms, government agencies, and non-profit organizations like environmental advocacy groups. One of the primary objectives of economics is to comprehend the factors that drive specific decisions. This understanding is crucial for predicting the decisions that agents will make in specific circumstances. While many economists aspire to secure lucrative positions at esteemed companies, an increasing number are opting to utilize their expertise not for tracking inflation or interest rate, but for the preservation of natural resources. These individuals, known as “green economists” or environmental economists, leverage economic principles to encourage companies to address pollution issues and promote the conservation of natural environment.

Environmental economics focuses on analyzing the decisions made by agents that have environmental implications and devising strategies to influence these decisions in order to achieve environmental preservation objectives. The generation of waste as a byproduct of consumption and production activities is an inevitable outcome, dictated by the fundamental laws of thermodynamics.

Environmental economics emerged in the 1960 s in response to the escalating pollution levels and the growing awareness among the public in Western nations regarding the significance of the environment to our survival. It was not until

the 1990 amendment to the Clean Air Act, however, that many environmentalists began to take economics seriously. This amendment introduced a system of tradable allowances for acid rain, a program advocated by Environmental Defense. According to this law, facilities that can reduce their emissions more efficiently have the option to sell their allowances to heavier polluters. The program has successfully surpassed its objective of cutting acid rain levels by half compared to 1980, serving as proof that markets can contribute to achieving environmental objectives.

The economic theory of environmental policy is rooted in the concept of "externality", which refers to the direct or physical impact of one economic agent's decision on the utility or production of another agent that occurs outside the market and is not compensated for. Externalities indicate that individuals lack full control over the factors that influence their production or utility levels. Environmental economics focuses on negative environmental externalities, such as the adverse physical effects of environmental pollution, resource depletion, or other forms of environmental disruption caused by human activities.

Environmental economists argue that in the presence of negative externalities, market outcomes are inefficient because the costs of environmental degradation are not fully accounted for by the polluting agents. This leads to overproduction and overconsumption of goods and services that harm the environment, as the true costs of these activities are not reflected in market prices. To address this market failure, environmental policies such as pollution taxes, cap-and-trade systems, and regulations are implemented to internalize the external costs and incentivize businesses and individuals to reduce their negative impact on the environment. By incorporating the environmental costs into decision-making processes, environmental policies aim to promote sustainable development and ensure the well-being of current and future generations.

Назар Мередов, Перхат Чарыев
(Туркменистан)

ЭКОНОМИКА КАК МОЩНЫЙ ИНСТРУМЕНТ БОРЬБЫ С ИЗМЕНЕНИЕМ КЛИМАТА

Экономика окружающей среды фокусируется на анализе решений, принимаемых агентами, которые имеют экологические последствия, и разработке стратегий влияния на эти решения для достижения целей сохранения окружающей среды. Это приводит к перепроизводству и перепотреблению товаров и услуг, наносящих вред окружающей среде, поскольку истинные затраты на эту деятельность не отражаются в рыночных

ценах. Для решения этой проблемы рынка применяются такие меры экологической политики как налоги на загрязнение, системы лимитирования и торговли, а также нормативные акты, которые интернализируют внешние издержки и стимулируют предприятия и частных лиц к снижению негативного воздействия на окружающую среду. Учитывая экологические издержки в процессе принятия решений, экологическая политика направлена на содействие устойчивому развитию и обеспечение благосостояния нынешнего и будущих поколений.

Aşyrguly Gurbangulyýew, Myratgeldi Berdiýew
(Türkmenistam)

MILLI YKDYSADYÝETIŇ MAÝA GOÝUM ÇEKIJILIGINI ARTDYRMAGYŇ ESASY UGURLARY

Häzirki wagtda Türkmenistanyň milli ykdysadyýetiniň döwrebap, durnukly hem ygtybarly ösüşini üpjün etmegiň möhüm şertleriniň biri hem ony ösdürmäge gönükdirilýän maýa goýumlarynyň möçberini yzygiderli artdyrmakdyr. Milli ykdysadyýete maýa goýumlarynyň gönükdirilmegi geljekde onuň önümçilik kuwwatyny artdyrmaga, önümçiligiň tehnika we tehnologiýa binýatlaryny kämilleşdirmäge, innowasiýa tehnologiýsyndan peýdalanmagyň hasabyna önümçiligiň gerimini giňeltmäge, öndürilýän önümleriň hilini ýokarlandyrmagyň we görnüşlerini giňeltmegiň hasabyna olaryň içerki we daşarky bazarlarda bäsleşige ukyply bolmagyny üpjün etmäge müminçilik berýär.

Türkmenistanda milli ykdysadyýetiň maýa goýum çekijiligini ýokarlandyrmagyň wajyplygy, bir tarapdan, milli ykdysdayýeti düzüm taýdan özgertmek, strategik ähmiýetli pudaklara innowasiýa tehnologiýasyny giňden ornaşdyrmak zerurlygy bilen baglydyr. Ikinjiden, ýurduň tebigy baýlyklaryny netijeli ulanmak we pudaklaryň eksport kuwwatyny artdyrmak bilen baglydyr. Üçünjiden, maýa goýum çekijiligini ýokarlandyrmak dünýä derejesinde ylmy-tehniki prosesiň has çalt ösýän we özgerýän şertlerinde milli ykdysadyýetiň dünýä ykdysadyýetine has içgin ornaşmagyny gazanmagyň zerurlygy bilen kesgitlenilýär.

Milli ykdysadyýetde maýa goýumlarynyň ýetmezçiliginiň dowamly bolmagy pudagyň esasy serişdeleriniň köneliş derejesiniň ýokarlanmagyna getirýär. Bu ýagdaý bolsa bäsleşige ukyply önümleri öndürmekde we dünýä bazarlaryna çykmakda kynçylyklary döredýär. Ine, şonuň üçin hem milli ykdysadyýetiň maýa goýum çekijiligini artdyrmaklyk derwaýys meseleleriň biri bolup durýar.

Ashyrguly Gurbangulyyev, Myratgeldi Berdiyev
(Turkmenistan)

MAIN METHODS TO INCREASE THE INVESTMENT RATE OF THE NATIONAL ECONOMY

At present time, one of the important conditions for ensuring the modern, stable and reliable development of the national economy of Turkmenistan is the constant increase in the amount of investments aimed at its development. Directing investments to the national economy in the future will increase its production capacity, improve the technical and technological foundations of production, expand the scope of production due to the use of innovative technologies, increase the quality of manufactured products and ensure their competitiveness in domestic and foreign markets.

The importance of increasing the investment attractiveness of the national economy in Turkmenistan is, on the one hand, related to the need to structurally transform the national economy and widely introduce innovative technology to strategically important sectors. Secondly, it depends on the efficient use of the country's natural resources and increasing the export capacity of industries. Thirdly, increasing the investment attractiveness is determined by the need to achieve a deeper integration of the national economy into the world economy in the conditions of faster development and transformation of the scientific and technical process at the global level.

Persistent insufficiency of investment in the national economy leads to the increase in the depreciation rate of of the industry's fixed assets. This situation makes it difficult to produce competitive products and enter global markets. That is why increasing the investment attractiveness of the national economy is one of the urgent issues.

Аширгулы Гурбангулыев, Мыратгельды Бердыев
(Туркменистан)

ОСНОВНЫЕ МЕТОДЫ ПОВЫШЕНИЯ ИНВЕСТИЦИОННОЙ ПРИВЛЕКАТЕЛЬНОСТИ НАЦИОНАЛЬНОЙ ЭКОНОМИКИ

Один из ключевых факторов поддержания устойчивого и стабильного роста национальной экономики Туркменистана адекватно реалиям времени состоит в последовательном повышении объёма инвестиций, обеспечива-

ющих данный процесс. Инвестирование в национальную экономику продиктовано стремлением нарастить её производственный потенциал, модернизировать техническую и технологическую базу производства, расширить индустриальный кластер за счёт внедрения инновационных технологий, обеспечить конкурентное преимущество выпускаемых товаров на внутреннем и внешнем рынке посредством их увеличения качества и номенклатуры.

Актуальность повышения инвестиционной привлекательности национальной экономики детерминирована необходимостью её реструктуризации и масштабирования внедрения инновационных технологий в стратегически значимые сегменты, с одной стороны, с другой – рационализации природных ресурсов и повышения экспортного потенциала отраслей, а с третьей – более основательной интеграции национальной экономики в мировую на фоне интенсивного развития и трансформации научно-технического процесса в глобальном масштабе.

Хроническая нехватка инвестиций в национальную экономику приводит к поступательному устареванию основных ресурсов отраслей, что, в свою очередь, создаёт определённые трудности в выпуске и выводе на мировой рынок товаров с конкурентными преимуществами. В свете вышеизложенного повышение инвестиционной привлекательности национальной экономики выступает одной из актуальных задач.

Oguljan Atdaýewa
(Türkmenistan)

SANLY YKDYSADYÝETDE TOR INNOWASIÝA ULGAMLARYNY ÖSDÜRMEGIŇ UGURLARY

Soňky ýyllarda “innowasiýalar bazary” düşünjesi ugurlary öwrenmek, şeýle hem senagat ykdysady ulgamlary üçin täze tehniki we tehnologik gurluşyň ösüşini üpjün etmegiň serişdeleri bilen baglanyşykly meşhur düşünje boldy.

Ykdysadyýeti sanlylaşdyrmak nukdaýnazaryndan innowasiýa işjeňliginiň ösüşi ykdysady ösüş faktoryna, ýurduň içinde, sebit we dünýä derejelerinde kärhanalaryň bäsdeşlige ukyplylygyny güýçlendirmek serişdesine öwrülýär.

Täze önümleri, hyzmatlary döretmekde zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmaga, netijede ilatyň girdejisini we durmuş hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmaga innowasiýa tehnologiýalarynyň uly ähmiýeti bar.

Döwrebap maglumat, aragatnaşyk, sanly tehnologiýalary ösdürmek we durmuşa geçirmek häzirki wagtda ylmy hem-de tehnologik ösüşiň başynda durýar:

dördünji senagat öwrülişigi, işewürlik proseslerinin sanly özgertmegine esaslanýan innowasiýa ösüşi bilen kesgitlenilýär.

Häzirki zaman bazary ykdysady giňişlikde tor gurluşlarynyň gerimini we ýaýramagyny giňeltmäge ýykgyn edýär. Tor ykdysadyýetinde işewür guramalaryň bilelikdäki işler babatynda biri-biri bilen aragatnaşyk saklamaga mümkinçiligi bolan innowasiýa infrastrukturasy bilen tehnologik gurşaw emele gelýär we ösdürilýär. Innowasiýa prosesine gatnaşyjylaryň (hökümet, işewürlik we ylym) arabaglanyşygy dünýä tejribesinde iň ýaýran görnüşleriň biridir. Bu nukdaýnazardan, "innowasiýa tory" adalgasy "tor ykdysadyýeti" düşünjesini we intellektual torlary giňeltmek nukdaýnazaryndan bilimleriň ykdysadyýetinde innowasiýa torlaryny ösdürmegiň ugurlarynyň biri hökmünde düşündirilýär.

Innowasiýa torlary umumy innowasiýa maksatlaryna ýetmek üçin özara gatnaşykda we bilelikde işleýän kärhanalary, ylmy-barlag kärhanalar guramalaryny, uniwersitetleri hem-de hökümeti öz içine alýar. Köp ýurtlar bu torlaryň innowasiýa kuwwatyny, halkara bäsdeşlik ukybyny we maddy baýlygyny döretmek üçin ähmiýetini ykrar etdiler.

Internet ulgamynyň döremegi, dünýä ykdysadyýetinde tehnogen özgertme bolup, onuň täsirli netijeleri bar we innowasiýalar bazarynda giňişleýin ösüş üçin ätiýaçlyklary (resurslary) döredýär.

Ykdysady ösüşiň häzirki tapgyry, tor gurluşy bolan çylşyrymly ulgamlary ulanmagyň ugurlarynyň giňelmegi bilen häsiýetlendirilýär. Dolandyryş çözgütlerini taýýarlamagyň we durmuşa geçirmegiň hilini ýokarlandyrmak, birnäçe görkezijileri hasaplamaga hem-de modelirlemäge esaslanýan ulgamlaýyn analiziň netijeli usullarynyň ulanylmagyny talap edýär.

Sanlylaşdyrma, ylmy-barlaglaryň we inžener-tehniki gözlegleriň ugruny üýtgedip, innowasiýa torlaryny tehnologik taýdan täze derejä çykardy. Innowasiýa bazaryna gönükdirilen global tehnologik meýiller (tendensiýalar) bilen baglanyşykly şu aşakdaky esasy ugurlary bar:

– uly göwrümli maglumatlar bilen işleýän Big Data tehnologiýalary;

– neýrotehnologiýalaryň we emeli intellektiň ýörelgeleri;

– dürli ulanyjylaryň arasynda paýlaşdyrylan we köp düwünlerde bir wagtyň özünde maglumat bazalaryny ulanmak ýörelgesine esaslanan reýestriň paýlaşdyrylan ulgamlary, ýagny blokçeýn tehnologiýalary;

– köp mukdarda maglumatlary işläp taýýarlamaga ukyply bolan kwant kompýuterlerini ulanýan kwant tehnologiýalary;

– zatlaryň senagat interneti – kompýuter torlaryny we senagatyň fiziki obýektlerini içerki datçikler bilen birleşdirip, uzak aralykdan gözegçiligi adam gatyşmazdan amala aşyrmaga mümkinçilik berýär;

– robot we sensor komponentleri – obýektleriň mehaniki hereketi we dürli önümçilik amallaryny ýerine ýetirmek üçin programmirlenen manipulýatorlar;

– smartfonlaryň, planşet kompýuterleriniň we netbuklaryň giňden ulanylmagy bilen baglanyşykly simsiz aragatnaşyk tehnologiýalary internete yzygiderli girmegi üpjün edýär (Bluetooth, Wi-Fi, WiMAX, WWAN);

– wirtual we giňeldilen hakykat tehnologiýalary bilimde, ylymda, lukmançylykda, binagärlikde we ş.m. ulanylýar.

Ýokardaky düşündirişlerden görnüşi ýaly, sanly tehnologiýalar köplenç innowasiýa torlarynyň ösüşiniň logiki dowamy bolmak bilen, tor häsiýetine eýe bolup durýar.

Oguljan Atdayeva
(Turkmenistan)

WAYS FOR DEVELOPING NETWORK INNOVATIVE MODELS IN THE DIGITAL ECONOMY

The modern market tends to expand the scope and spread of network structures in the economic space. In the network economy, a technological environment is created and developed with an innovative infrastructure that enables business organizations to communicate with each other for collaborative purposes. The interaction of the participants in the innovation process (government, business and science) is one of the most common types in the world experience. In this regard, the term “innovative network” is interpreted as one of the areas of development of innovative networks in the economy of knowledge from the point of view of expanding the concept of “network economy” and intellectual networks.

Innovative networks include businesses, research organizations, universities, and government that interact and work together to achieve common innovative goals. Many countries have recognized the importance of these networks for innovative capacity, international competitiveness and economic wealth creation.

Огулджан Атдаева
(Туркменистан)

НАПРАВЛЕНИЯ РАЗВИТИЯ СЕТИ ИННОВАЦИОННЫХ СИСТЕМ В ЦИФРОВОЙ ЭКОНОМИКЕ

Современный рынок имеет тенденцию к расширению масштабов и распространению сетевых структур в экономическом пространстве. В сетевой экономике создается и развивается технологическая среда с инновационной инфраструктурой, которая позволяет бизнес-организациям общаться друг с другом в целях сотрудничества. Взаимодействие участников

инновационного процесса (государства, бизнеса и науки) является одним из наиболее распространенных видов в мировом опыте. В связи с этим термин “инновационная сеть” трактуется как одно из направлений развития инновационных сетей в экономике знаний с точки зрения расширения понятий “сетевая экономика” и “интеллектуальные сети”.

Инновационные сети включают предприятия, исследовательские организации, университеты и правительство, которые взаимодействуют и работают вместе для достижения общих инновационных целей. Многие страны признали важность этих сетей для инновационного потенциала, международной конкурентоспособности и создания экономического благосостояния.

Meýlis Ýazlakow
(Türkmenistan)

TÜRKMENISTANYŇ ULAG-LOGISTIKA ULGAMYNDA INNOWASIÝALARYŇ ORNAŞDYRYLMAGY

Türkmenistanyň ulag-logistiki ulgamynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Gahryman Arkadagymyzyň dünýä derejesinde öňe süren halkara başlangyçlary hormatly Prezidentimiziň durmuşa geçirýän döwlet syýasatynyň binýadyna ýokary netijeli durmuşa geçirilýär. Ulag-logistika pudagynyň bäsdeşlige ukyplylygyny, netijeliligini üpjün edýän, ýükleri halkara we üstaşyr daşamagyň özüne çekijiligini ýokarlandyrýan, ýurtda bitewi, köpugurly hem-de daşary ýurtlar bilen goşulyşan ulaglar giňişliginiň emele gelmegine uly üns berilýär. Pudagyň halkara standartlaryna laýyk gelýän hukuk binýadyny kämilleşdirmek, zerur bolan infrastruktura ulgamyny döretmek we ösdürmek işleri yzygiderli esasda alnyp barylýar. Ýurdumyzyň ulag-aragatnaşyk toplumyny ösdürmek boýunça alnyp barylýan işler dünýä derejesinde ulag hyzmatlarynyň eksportyny üpjün etmäge gönükdirilýär. Bu wezipäniň üstünlikli amal edilmegi üçin, Türkmenistanyň ulag ulgamy çalt depginler bilen kämilleşdirilýär, alnyp barylýan işler tygşytlylygy, howpsuzlygy üpjün etmäge, innowasiýalary giňden durmuşa ornaşdyrmaga esaslanýar. Häzirki döwürde ulag hyzmatlarynyň guramaçylygynyň we amala aşyrylmagynyň öňdebaryjy halkara tejribesiniň öwrenilmegi Türkmenistanyň ulag ulgamyny dolandyrmagy kämilleşdirmegiň esasy ugurlarynyň biri bolup durýar.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde köpdürli durmuş-ykdysady meseleleriň çözülmeginde ulag çykdajylary hasaba alynmalydyr. Ulag ulgamynyň durnukly işlemegi milli ykdysadyýetiniň ösüşine amatly täsirini ýetirýär. Şeýle hem, dünýäniň globallaşýan şertlerinde, Türkmenistanyň Ýewropa we Aziýanyň arasynda üstaşyr gatnawlaryň çatrygynda amatly geosyýasy ýerleşmegi ylmy taýdan esaslandyrylyp,

bähbitli ulanylmagy wajyp mesele bolup durýar. Ulag hyzmatlarynyň netijeliliginiň we bäsleşige ukyplylygynyň ýokarlandyrylmagy ýük akymlaryny dolandyrýan logistika merkezleriniň ulgamynyň döredilmegi, ýükleriň öndürijilerden sarp edijilere çenli logistiki zynjyrlaryň esasynda tehnologik amallaryň amatly yzygiderliliginiň döredilmegi bilen baglydyr. Türkmenistanyň döwlet syýasatynda milli ykdysadyýetiň ähli pudaklaryna öňdebaryjy ylmy-tehniki tejribäni we täze tehnologiýalary ornaşdyrma gönükdirilendir.

"Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda" ýurdumyzyň durmuş-ykdysady syýasaty durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmäge, döwlet dolandyryş ulgamyny yzygiderli kämilleşdirmäge, ilatyň durmuş taýdan goraglylygyny artdyrmaga, hal-ýagdaýyny mundan beýläk-de ýokarlandyrmaga hem-de abadan we bagtyýar ýaşaýşyny üpjün etmäge gönükdirilen çäreleriň giň toplumy beýan edilýär. Şol sanda, ýurdumyzyň ykdysady-geografik we geosyýasy ýerleşişiniň amatlylyklaryndan netijeli peýdalanmak, ulag-logistika ugrunyň ösmegi üçin amatly şertleri üpjün etmek çäresi hem bardyr.

BMG-niň we beýleki abraýly halkara guramalaryň çäklerinde umumy tagallalary jemlemekde işjeň orny eýeläp, Bitarap Türkmenistan daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen bilelikde iri düzümleýin taslamalary üstünlikli durmuşa geçirip, sebit, dünýä möçberinde ýaýbaňlandyrylan utgaşykly ulag düzüminiň kemala getirilmegine uly goşant goşýar. Arkadagly Gahryman Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda ulag-logistika ulgamyny ösdürmek boýunça amala aşyrylýan döwlet we sebit ähmiýetli işleriň binýadynda, Merkezi Aziýanyň üstünden geçýän sebit we sebitara ulag ýollarynyň hem-de aragatnaşyk geçelgeleriniň çatrygynda ýerleşýän ýurdumyz ägirt uly üstaşyr kuwwata eýe bolýar, şol kuwwatdan netijeli peýdalanýar.

Meylis Yazlakov
(Turkmenistan)

INCORPORATION OF INNOVATIONS INTO THE TRANSPORT AND LOGISTIC SYSTEM OF TURKMENISTAN

Transport costs must be taken into account when addressing various socio-economic problems in a market economy. The stable operation of the transport system has a positive effect on development of the national economy. Against the backdrop of globalization, an important issue is also the scientific justification and practical utilization of the favorable geopolitical location of Turkmenistan at the junction of transit routes between Europe and Asia. Increasing the efficiency

and competitiveness of transport services depends on the formation of a system of logistic centers managing cargo flows, a convenient sequence of technological operations based on logistic chains for the supply of goods from producers to consumers. The state policy of Turkmenistan is aimed at introducing advanced scientific and technical experience and new technologies into all sectors of the national economy.

Мейлис Язлаков
(Туркменистан)

ИНКОРПОРИРОВАНИЕ ИННОВАЦИЙ В ТРАНСПОРТНО-ЛОГИСТИЧЕСКУЮ СИСТЕМУ ТУРКМЕНИСТАНА

Транспортные затраты необходимо учитывать при решении различных социально-экономических задач в условиях рыночной экономики. Стабильное функционирование транспортной системы положительно влияет на развитие национальной экономики. На фоне глобализации важным вопросом также является научное обоснование и практичное применение выгодного геополитического расположения Туркменистана на стыке транзитных сообщений между Европой и Азией. Повышение эффективности и конкурентоспособности транспортных услуг зависит от формирования системы управляющих грузопотоками логистических центров, удобной последовательности технологических операций на основе логистических цепочек поставки грузов от производителей к потребителям. Государственная политика Туркменистана направлена на внедрение передового научно-технического опыта и новых технологий во все отрасли национальной экономики.

Aknur Ataýewa, Muhammetberdi Ýazlyýew
(Türkmenistan)

“ÝAŞYL” YKDYSADYÝETIŇ DURMUŞA ORNAŞDYRYLMAGYNYŇ DÖWREBAP MESELELERI WE OLARY ÇÖZMEKDE STATISTIKANYŇ WEZIPELERI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Garaşsyz, hemişelik Bitarap ýurdumyzda Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň durmuş-ykdysady, medeni özgertmeler syýasatynyň esasynda ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda oňyn netijeler we üstünlikler gazanylýar.

Gazanylýan netijeler we üstünlikler ykdysadyýetimiziň pudaklarynyň netijeliligini has-da ýokarlandyrmaga, ýurdumyzda ilatymyzyň ýokary isleg bildirýän önümleriniň möçberini yzygiderli artdyrmaga hem-de hilini dünýä ülňülerine laýyklykda gowulandyrmaga, ilatymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini mundan beýläk hem ýokary derejelere ýetirmäge gönükdirilendir.

Häzirki döwürde ykdysadyýetimiziň pudaklarynyň diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürilýändigi hem-de ykdysady taýdan ösen döwletler bilen medeni, durmuş-ykdysady we ylmy gatnaşyklaryň has-da kämilleşýän döwründe beýleki birnäçe wajyp ähmiýetli meseleler bilen bir hatarda daşky gurşawy goramak, ekologiýa abadançylygyny üpjün etmek diňe bir biziň ýurdumyz üçin däl-de, bütin adamzadyň ösüşinde örän wajyp meseleleriň biri bolup durýar. Bu wajyp ähmiýetli meseleleri netijeli çözmäge abraýly halkara guramalary, şol sanda Birleşen Milletler Guramasy (BMG) hem işjeň gatnaşýar.

"Türkmenistan BMG-niň geljek ýyllar üçin işiniň esasy ugurlarynyň arasynda howa we ekologiýa meselelerini çözmegi möhüm hasaplaýar" diýip, Arkadagly Gahryman Serdarymyz Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynda aýtdy.

Dünýä derejesinde ekologiýa meselelerini netijeli çözmekde Durnukly ösüş maksatlarynyň ähmiýeti örän uludyr. Durnukly ösüş üç ugur – ykdysady, Durmuş we ekologiýa ugurlary boýunça möhüm çözgütleri talap edýär. Bular "Ýaşyl" ykdysadyýet, "ýaşyl" tehnologiýa, "ýaşyl" senagat, "ýaşyl" energetika diýen adalgalar bilen aýrylmaz baglanyşykly bolup, "ýaşyl" we "akylly" şäher konsepsiýalarynyň esasyny düzýär.

Makalada durnukly ösüşiň "ýaşyl" energetika ugry barada içgin durlup geçilýär. "Ýaşyl" energetikanyň birnäçe ugurlarynyň bardygyny belläp geçmeli. Olaryň iň esasylarynyň biriniň ykdysadyýetiň pudaklarynda we durmuş ulgamynda energiýanyň gaýtadan dikeldilýän çeşmeleriniň ulanylmagyny belläp geçmeli.

Energiýanyň adaty bolmadyk çeşmelerini düşewüntli we maksadalaýyk ulanmakda netijeli, oýlanyşykly çözülmeli birnäçe meseleleriň bardygyny belläp geçmeli. Günüň dowamynda ýere gün şöhlesiniň doly düşüşiniň birsydyrgyn däldigi sebäpli, gün enjamlarynyň endigan we ygtybarly işlemegi üçin gündizine energiýany toplap saklamak bilen, gün şöhlesiniň ýok wagtynda ony berýän kuwwatly, tehniki taýdan kämilleşen, ykdysady taýdan düşewüntli gün akkumulýatorlary zerurdyr. Mundan başga-da, gün şöhlesini öwürmek bilen baglanyşykly tehniki kynçylyklar hem ýok däl. Ýöne, muňa garamazdan, mesele örän wajyp we döwrebap.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow energetika senagatynyň ösdürilmegini Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Watanymyzyň ykdysady strategiýasynyň möhüm ugurlarynyň biri hökmünde kesgitledi. Şunuň bilen baglylykda, pudagyň kuwwatlyklarynyň mundan beýläk-de giňeldilmegine, eksport mümkinçilikleriniň artdyrylmagyna aýratyn ähmiýet

berilýär. Biziň ykdysadyýetimiziň ähli ulgamlarynda bolşy ýaly, energetika ulgamyny ösdürmek üçin geljekde etmeli işlerimiz hem degişli resminamalar bilen aýdyň kesgitlenilendir. Munuň üçin uzak ýyllara niýetlenilen, ulgamyň yzygiderli ösüşleri göz öňünde tutulan maksatnamalar düzüldi.

Häzirki döwürde ýurdumyzda energiýanyň alternatiw çeşmeleriniň ulanylyşy we olaryň hasabat maglumatlarynda görkezilişi seljerilende birnäçe durmuş-ykdysady meseleler ýüze çykýar.

Aknur Atayeva, Muhammetberdi Yazlyyev
(Turkmenistan)

CURRENT ISSUES OF DEVELOPING "A GREEN" ECONOMY AND TASKS OF STATISTICS IN SOLVING THEM

The article focuses on the modern problems of introducing the "green" economy and tasks of statistics in solving them. The President Serdar Berdimuhamedov has identified the development of the energy industry as one of the important directions of the economic strategy of the Motherland in the period of the Revival of the New Era of the Powerful State. In this regard, special importance is attached to the further expansion of industry's capacities and increase of export potential. At present, when analyzing the use of alternative energy sources in the country and their presentation in the reporting data, a number of socio-economic issues emerge.

Акнур Атаева, Мухамметберды Язлыев
(Туркменистан)

АКТУАЛЬНЫЕ ПРОБЛЕМЫ ВНЕДРЕНИЯ "ЗЕЛЁНОЙ" ЭКОНОМИКИ И РОЛЬ СТАТИСТИКИ В ИХ РЕШЕНИИ

В статье рассмотрены актуальные проблемы внедрения "зелёной" экономики и роль статистики в их решении. Уважаемый Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов определил развитие энергетической отрасли одним из ключевых направлений экономической стратегии страны в эру Возрождения новой эпохи могущественного государства. В этой связи особое значение придаётся дальнейшему расширению инфраструктуры отрасли и увеличению её экспортного потенциала. В настоящее время при анализе использования альтернативных источников энергии в стране и показателей отчётности в этой области выявляется ряд социальных и экономических задач.

Söhbet Wekilow
(Türkmenistan)

YKDYSADYÝETI SALGYTLARYŇ ÜSTI BILEN KADALAŞDYRMAGYŇ YLMY ÇÖZGÜTLERI

Dünýä döwletlerinde hojalygy ýöredýän birlikleriň girdejileriniň paýlanylmagy önümçiligi maliýeleşdirmegiň möhüm çeşmesi bolup hyzmat edýär. Ýurdumyzda ilatyň ortaça jan başyna düşýän girdejisiniň derejesiniň ýyl-ýyldan ýokarlanmagy, ykdysady ýagdaýyň durnuklylygy bu ugurda ähli şertleriň döredilmeginiň aýdyň subutnamasydyr. Döwletiň iş bilen üpjünçilik, hümmetsizlenme, hususy goýumlary goramak ulgamynda alyp barýan syýasatynda raýatlaryň gymmatly kagyzlar boýunça düşewüntlerinden (diwidendlerinden) alan girdejileriniň şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydyndan boşadylmagy, önümçiligi maliýeleşdirmäge, süýşürintgileri ösdürmäge ýardam edýär.

Döwletiň we hojalygy ýöredýän birlikleriň ykdysady bähbitleri özara baglanyşykly şertlendirilen bir bitewülikdir. Taryhy ösüşiň dowamynda döwlet öz ornuny üýtgetdi. Döwlet jemgyýetiň bähbitlerini goraýan we köpçülikleýin islegleri kanagatlandyrmak maksady bilen, ykdysady işi amala aşyrýan ulgamdyr. Ýöne, jemgyýetiň we hojalygy ýöredýän birlikleriň bähbitleri hemişe deň gelmeýär. Döwletiň jemgyýetçilik isleglerini kanagatlandyrmaga gönükdirilen durmuş-ykdysady syýasaty amala aşyrmak üçin salgyt möçberlerini ýokarlandyrmagyň esasynda pul serişdeleriniň artdyrylmagyna, onuň tersine, hojalygy ýöredýän birlikleriň, harajatlaryny artdyrýan we alan peýdasyny azaldýan salgyt çykdajylarynyň kemeldilmegine gyzyklanma bildirilýär. Döwlet býujeti arkaly gaýtadan paýlanylýan täzeden döredilen gymmatyň bir böleginiň we hojalygy ýöredýän birlikleriň ygtyýarynda galýan paýynyň arasyndaky amatly gatnaşygynyň bolmazlygy durmuş-ykdysady ösüşiň döwlet maksatnamalarynyň ýerine ýetirilmezligine ýa-da önüm öndürijiniň ykdysady höweslendirilmesiniň peselmegine getirip biler. Şol sebäpli hem, ykdysadyýeti döwrebaplaşdyrmaga gönükdirilen özgertmeler salgytlaryň üsti bilen kadalaşdyrylanda täzeçe çemeleşmeleri talap edýär.

Salgytlaryň üsti bilen kadalaşdyrmak döwlet tarapyndan amala aşyrylýan salgyt çäreleriniň durmuş-ykdysady netijesidir, bu netijäni almak üçin harçlanylan harajatlaryň jeminden alnan ähli peýdanyň möçberleriniň ýokary bolmagy durnukly ykdysady ösüşi kepillendirýär. Salgytlaryň üsti bilen kadalaşdyrmagyň ykdysady taýdan netijeliliginiň görkezijileriniň esasy wezipesi – maddy önümçilik we dolanyşyk ulgamynda bolup geçýän ýagdaýlary ylmy taýdan täzeçe ylmy çözgütleriň üsti bilen bahalandyrmakdan ybaratdyr. Häzirki döwürde bolsa, ýurdumyzda ylmy döwlet tarapyndan goldamak işi giňeldilýär hem-de onuň maddy-

enjamlaýyn binýady pugtalandyrylýar, geljegi uly barlaglary, tejribe-synag hem-de tehnologik işläp taýýarlamalary maliýe taýdan goldamak işleri kämilleşdirilýär. Döwlet býujetinden bu ugra köp mukdarda maliýe serişdeleri bölünip berilýär.

Şeýle hem, salgyt töleglerinin çeşmesi tutuş öndürilen önüm däl-de, diňe täze döredilen gymmat bolup, ol makroderejede salgyt möçberiniň depginini kesgitlemek üçin jemi içerki önümde salgyt serişdeleriniň paýyny görkezýän görkeziji hökmünde giňden ýaýrandyr we amatlydyr. Ýurdumyz boýunça 2023-nji ýylda jemi içerki önümiň ösüşi 6,3 göterime barabar boldy.

Hormatly Prezidentimiz "Ylym we tehnologiýalar biziň şu günki hem-de geljekki ösüşlerimiziň esasyny düzýän gymmatlygymyzdyr" diýip belläp geçýär. Şu nukdaýnazardan, ýurdumyzyň ykdysadyýetinde ylma daýanman döwrebap özgertmeleri amala aşyrmak mümkin däl. Diýmek, ylym ulgamy ösdürilende ylym, innowasiýa, tehnologiýa pudagynyň maýa goýum özüne çekijiligini ýokarlandyrmak, bäsdeşlige ukyplylygyny döretmek, halk hojalygynda innowasion önümleri, çözgütleri işläp düzmek durmuşa geçirmek üçin, zynjyr hem-de bitewi ulgam döretmek arkaly daşary ýurt maýa goýumlaryny, tehniki kömek grantlary, şeýle hem wençur guramalary, degişli maliýe bazarlarynyň dürli gurallaryny çekmegiň hasabyna maliýe serişdelerini köpeltmek göz öňünde tutulýar. Umuman, Arkadagly Serdarymyzyň ýolbaşçylygynda geljekde ylym ulgamyny ösdürmek üçin hojalyk hasaplaşygynda işleýän ylmy-barlag edaralarynyň düzüminde innowasiýa önümlerini öndürýän kiçi önümçilikleri ýola goýmak (göterimsiz belli bir möhletli bank karzynyň hasabyna) we özüni ödeýänçä, salgytlaryň ähli görnüşlerinden boşatmak, ylma daýanýan innowasion işler üçin ýeke-täk salgyt hem-de gümrük ýeňilliklerini girizmek ýaly çäreleri durmuşa geçirmek esasy wezipeleriň biri bolup durýar.

Sohbet Wekilov
(Turkmenistan)

SCIENTIFIC SOLUTIONS FOR REGULATING THE ECONOMY THROUGH TAXES

In the different countries of the world, the distribution of income of economic units serves as an important source of production financing. Regulation through taxes is the socio–economic result of tax measures implemented by the state, and if the amount of all income received from the amount of costs incurred to obtain this result is large enough, it guarantees sustainable economic development. The main task of indicators of the economic efficiency of regulation through taxes is

to assess the system of material production and circulation with the help of new scientific solutions. Currently, within the framework of state support for science in the country, its material and technical base is being strengthened, work on financial support for promising research, experiments and technological developments is being improved. A large number of financial resources is allocated from the State budget for these purposes.

Сохбет Векилов
(Туркменистан)

НАУЧНЫЕ РЕШЕНИЯ РЕГУЛИРОВАНИЯ ЭКОНОМИКИ ПОСРЕДСТВОМ НАЛОГОВ

В странах мира распределение доходов экономических единиц служит важным источником финансирования производства. Регулирование посредством налогов – это социально-экономический результат налоговых мер, осуществляемых государством, и, если сумма всех доходов, полученных от суммы затрат, понесенных для получения этого результата большая, это гарантирует устойчивое экономическое развитие. Основная задача показателей экономической эффективности регулирования посредством налогов состоит в оценке ситуации в системе материального производства и обращения с помощью новых научных решений. В настоящее время в рамках государственной поддержки науки в стране укрепляется ее материально-техническая база, совершенствуется работа по финансовому обеспечению перспективных исследований, экспериментов и технологических разработок. На эти цели из государственного бюджета выделяется большой объем финансовых ресурсов.

Meretguly Öwlýägulyýew, Güýçmyrat Soltanmyradow
(Türkmenistan)

DÖWLETIŇ DURMUŞ-YKDYSADY ÖSÜŞIŇDE YLMYŇ WE INNOWASIÝANYŇ ORNY

Berkarar döwletimiziň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ösüşini üpjün etmek “Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019–2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna” we “Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş ykdysady taýdan ösdrmegiň Milli maksatnamasyna” laýyklykda amala aşyrylýar.

Ylym jemgyýetiň durmuş-ykdysady ulgamynda innowasiýanyň ýüze çykmagyny şertlendirýär. Gahryman Arkadagymyz: “Biziň amala aşyrýan ylym we tehnika babatdaky döwlet syýasatymyz täze tehnologiýalary we innowasiýalary ykdysadyýetimiziň ähli pudaklaryna ornaşdyrmaga, öz ylmy-tehniki ideýalarymyzy ösdürmäge, halkara ölçeglerine laýyk gelýän, berk binýatly, häzirki zaman ylym ulgamyny döretmäge gönükdirilmelidir” diýýär.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizde jemgyýetiň iň esasy gymmatlygy adamdyr. Gahryman Arkadagymyzyň: “Türkmenistan ýagdaýlaryň we üstünliklere tarap ädimleriň toplumyny utgaşdyrýan iň öňdebaryjy dünýä tejribesini özüne siňdirip, häzirki zaman jemgyýetiniň hakyky gymmatlygynyň baýlyklarda däl-de, eýsem adamlardadygyny, olaryň bilimindedigini, hünär derejesindedigini we zähmetleriniň netijesindedigini ilkibaşda özüne, soňra bolsa beýlekilere subut etdi” diýip bellemegi hem muňa doly güwä geçýär.

Innowasion işläp taýýarlamalary döretmek meselesi adamyň hünär kämilligi bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Iňlis dilindäki “innovate” sözi özüniň gönüdengöni manysynda “düýpli üýtgetmek, täzelemek, düýpgöter döwrebaplaşdyrmak” diýen manyny beryär. Şeýlelikde, innowasiýaly işläp taýýarlamalaryň düýp manysy garalýan ugurda düýpli täzeçillikleri ornaşdyrmagy ýa-da onuň düýpgöter täzelenmegini aňladýar. Has takygy, innowasiýalar – bu bazarda ýerlenilýän täze, has kämilleşdirilen önümi almakda öz beýanyny tapýan işiň, amaly tejribeçilikde peýdalanylýan täze ýa-da has kämilleşdirilen usulyň gutarnykly netijesidir.

Döwlet innowasiýa syýasatynyň maksady Türkmenistanyň durnukly durmuş-ykdysady ösüşini, ýurduň ilatynyň ýaşaýyş derejesini, hilini ýokarlandyrmagy, döwletiň ylmy-tehniki kuwwatynyň ösüşini, ulanylyşyny, häzirki zaman ekologiýa taýdan arassa, howpsuz, energiýa, serişde tygşytlaýjy tehnologiýalary, önümçilikleri ornaşdyrmagy, bäsdeşlige ukyply önümleriň täze görnüşleriniň ýerlenilmegini üpjün etmek üçin innowasiýa işini döwlet tarapyndan goldamagyň hem-de höweslendirmegiň çäreler ulgamyny işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmek bolup durýar.

Meretguly Ovlyagulyyev, Guychmyrat Soltanmyradov
(Turkmenistan)

THE ROLE OF SCIENCE AND INNOVATION IN THE SOCIO-ECONOMIC DEVELOPMENT OF THE STATE

Ensuring the socio-economic development of the country during the Revival of a New Era of a Powerful State is carried out in accordance with the “Program of the President of Turkmenistan for the socio-economic development of the country

for 2019–2025” and the “National Program for the socio-economic development of Turkmenistan for 2022–2052”.

Science occupies a special place in the socio-economic development of the state. Because science fosters innovation. Creating innovative solutions is inextricably linked to human competence. The English word “innovation” literally means “to radically change, renew, radically modernize.” The main goal of the scientific and innovative policy of our state is to ensure sustainable socio-economic development.

Меретгулы Овлягулиев, Гуйчмырат Солтанмырадов
(Туркменистан)

РОЛЬ НАУКИ И ИННОВАЦИЙ В СОЦИАЛЬНО-ЭКОНОМИЧЕСКОМ РАЗВИТИИ ГОСУДАРСТВА

Обеспечение социально-экономического развития страны в период Возрождения новой эпохи могущественного государства осуществляется в соответствии с “Программой Президента Туркменистана по социально-экономическому развитию страны на 2019–2025 годы” и “Национальной программой социально-экономического развития Туркменистана на 2022–2052 годы”.

Наука занимает особое место в социально-экономическом развитии государства. Потому что наука стимулирует инновации. Создание инновационных решений неразрывно связано с компетентностью человека. Английское слово “инновация” буквально означает “радикально менять, обновлять, радикально модернизировать”. Основной целью научно-инновационной политики нашего государства является обеспечение устойчивого социально-экономического развития страны.

Arçman Serdarow, Mähri Hojamuhammedowa
(Türkmenistan)

YKDYSADYÝETI ÖSDÜRMEKDE INNOWASIÝALARYŇ ÄHMIÝETI

Berkarar döwletimiziň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda ýurdumyzda sanly ykdysadyýeti ösdürmek, ylmyň gazananlaryny önümçilige ornaşdyrmak, söwda-senagat, oba hojalyk, ulag-aragatnaşyk, ylym-bilim we beýleki ulgamlary innowasion esasda alyp barmak ugurlarynda oýlanyşykly işler durmuşa geçirilýär. Ykdysady ulgama girýän ähli kärhanalar dünýäniň iň täze tehnikasy we tehnologiýalary bilen üpjün edilýär.

Innowasiýalaryň durmuşa ornaşdyrylmagy milli ykdysadyýeti pugtalandyrmaga, ilatyň durmuş hal-ýagdaýyny hil taýdan özgertmäge mümkinçilik berýär.

Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen Berkarar ýurdumyzyň jemgyýetçilik we döwlet durmuşynyň ähli ugurlarynda innowasiýalaryň ulanylmagyna uly üns berilýär. Innowasiýalar döwlet syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri hasaplanylýar. Ykdysady ulgama giryän ähli kärhanalar dünýäniň iň täze tehnikasy we tehnologiýalary bilen üpjün edilýär. Innowasiýalaryň durmuşa ornaşdyrylmagy milli ykdysadyýeti pugtalandyrmaga, ilatyň durmuş hal-ýagdaýyny hil taýdan özgertmäge mümkinçilik berýär.

Şeýlelikde, innowasion ösüş we onuň mazmuny näme?

Bu sowallara häzirki zaman ylmy nukdaýnazaryndan seredeniňde, dürli-dürli garaýyşlar bar. Daşary ýurt alymlarynyň birnäçesiniň garaýyşlaryna görä, şeýle-de edebiýat çeşmelerini öwrenenimizde: innowasiýalar – bu ilki bilen täze tehnika, tehnologiýa, innowasiýanyň emele gelmegini we durmuşa ornaşdyrylmagyny üpjün edýän işdir.

Innowasiýa (täzeçilligi girizmek) – intellektual eýeçiligiň obýekti hökmünde döredilen, önümçilik pudagynda materiallaşdyrylan we sarp ediji tarapyndan talap edilýän ylmy-tehniki işjeňligiň netijesidir.

Innowasiýalar ykdysadyýetiň we senagatyň tiz ösmegine öz goşandyny goşýar. Innowasion ykdysadyýet düşünjesi XX asyryň başynda ulanylyp başlanyldy. Innowasiýa nazaryýetiniň esaslandyryjysy awstriýaly alym-ykdysatçy Ý.Şumpeter hasaplanylýar.

Innowasiýa işiniň birnäçe görnüşleri bar. Olara aşakdakylar degişli:

– täze önümçiligi ýola goýmak üçin ýa-da täze tehnologiýany döretmek üçin degişli önümçilik enjamlaryny we gurallaryny edinmek bilen bagly taýýarlyk hem-de guramaçylyk işleri;

– önümleriň we tehnologiýalaryň modifikasiýalaryny kesgitlemek, täze tehnologiýalary hem-de enjamlary ulanmak bilen baglylykda işgärleri taýýarlamak;

– bazara täze önümi çykarmak bilen bagly bolan, marketing barlaglaryny geçirmek, şol sanda bazarlary öwrenmek, mahabat işlerini gurnamak;

– täze tehnologiýalar we önümler bilen bagly bolan patentleri, lisenziýalary, nou-haulary, haryt nyşanlaryny saýlap almak.

Innowasiýa ösüş ýoly Türkmenistanyň hem durmuş-ykdysady ösüşiniň ileri tutylýan esasy ugry hökmünde ykrar edilýär. Innowasiýa we innowasiýa işlerine bütin dünýäde ykdysady özgertmeleriň esasy şerti hökmünde seredilýär.

Innowasiýa syýasatynyň binýady aşakdaky möhüm ýörelgelere daýanýar:

– ykdysadyýetde innowasion ösüş modeliniň ileri tutulmagyny ykrar etmek;

– döwlet tarapyndan innowasiýalary ykdysady ösüşiň aýgytlaýjy serişdelerine (faktorlaryna) öwrülmegini üpjün edýän ykdysady-hukuk şertlerini döretmek;

– innowasiýa işjeňligini we telekeçiligi ösdürmegiň bazar mehanizmlerini ulanmak;

– eýeçiligiň görnüşlerine we degişliligine baglanyşyksyz, hojalygyň ähli subýektleri üçin deň şertleri hem-de höweslendirmeleri üpjün etmek;

– milli ylmy-tehniki potensialy netijeli ulanmak, ösdürmek we ony ykdysady maksatlara laýyk özgertmek;

– oýlaptapyjylaryň, işläp taýýarlaýjylaryň, önüm öndürijileriň, maýa goýujylaryň bähbitlerine laýyk utgaşdyrmak we başgalar.

Archman Serdarov, Mahri Hojamuhammedova
(Turkmenistan)

IMPORTANCE OF INNOVATION IN ECONOMIC DEVELOPMENT

The innovative component has a strong impact on the nature of the functioning of the national economy and leads to its greater openness, intensification of integration processes, unification of business regulation and control over markets, uniformity of standards and rules for transactions, standardization of requirements for the movement of capital. Only by constantly mastering new technologies and new equipment, assuring the growth of quality while reducing production costs, improving the forms and methods of organizing production processes, attracting new sources of resources, sustainable and stable economic development can be ensured.

The innovative policy framework is based on the following key principles:

– recognition of the priority of the innovative development model in the economy;

– creation of economic and legal conditions that ensure the transformation of innovations by the state into the determining means (factors) of economic development;

– use of market mechanisms for innovation and entrepreneurship development;

– effective use of national scientific and technical potential, development and personalization in accordance with economic goals;

– coordination of interests of inventors, developers, manufacturers etc.

Арчман Сердаров, Мяхри Ходжамухамедова
(Туркменистан)

ЗНАЧЕНИЕ ИННОВАЦИЙ В РАЗВИТИИ ЭКОНОМИКИ

Инновационная составляющая оказывает сильное воздействие на характер функционирования национальной экономики и приводит к большей ее открытости, интенсификации интеграционных процессов, унификации регулирования предпринимательства и контроля над рынками, единообразию норм и правил осуществления сделок, стандартизации требований к перемещению капитала. Только постоянно осваивая новые технологии и новую технику, обеспечивая рост качества при снижении затрат на производство, совершенствуя формы и методы организации производственных процессов, привлекая новые источники ресурсов можно обеспечить устойчивое и стабильное экономическое развитие.

Основа инновационной политики основана на следующих ключевых принципах:

– признание приоритета инновационной модели развития в экономике;

– создание экономических и правовых условий, обеспечивающих превращение государством инноваций в определяющие средства (факторы) экономического развития;

– использование рыночных механизмов инновационной деятельности и развития предпринимательства;

– эффективное использование национального научно-технического потенциала, развитие и персонализация в соответствии с экономическими целями;

– согласование интересов изобретателей, разработчиков, производителей и инвесторов и т.д.

Jeren Hojamyradowa, Sähragül Ýamadowa
(Türkmenistan)

INNOWASIÝALAR YKDYSADY ÖSÜŞIŇ MÖHÜM ŞERTIDIR

Häzirki zaman dünýä ykdysadyýetinde bazar giňişliginde bäsdeşlik artykmaçlygyny gazanmak we ykdysady ösüşiň hil taýdan ýokary görkezijilerini üpjün etmek meseleleri bilen baglylykda adam maýasyna örän möhüm orun berilýär. Häzirki ykdysady ösüş şertlerinde, adam maýasy innowasiýaly ösüşleri üpjün etmegiň esasy şerti hökmünde kabul edilýär. Innowasiýalary ösdürmegiň özi bolsa, önümçiligiň maddy binýadyny pugtalandyrmakda esasy zerurlyk diýlip ykrar

edilýär. Ýurdumyzyň milli strategiýasy, onuň döwlet we ykdysady syýasaty adam maýasynyň durnukly ykdysady ösüşiň binýady bolup durýandygyna düşünmek hem-de ony ykrar etmek ýörelgesinden ugur almak bilen kemala getirilýär.

Bilim ulgamynda işleýänleriň sany we çykarylýan harajatlaryň möçberi boýunça ol durmuş infrastrukturasynyň iri pudagy diýlip hasaplanylýar. Ýurdumyzda bu pudakda işleýänleriň sany önüm öndürmeýän ulgamda işleýänleriň ählisiniň sanynyň 46,4%-ine barabardyr. "Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ýagdaýy" ýyllyk habarlar neşirinde getirilen maglumatlara salgylanmak bilen (Aşgabat, 2016 ý.), ýurdumyzyň orta we ýörite hünär okuw mekdeplerinde bilim alýan okuwçylaryň hem-de talyplaryň sany umumy ilat sanynyň 23%-ine barabardyr.

Bilim ulgamynda innowasiýalary ornaşdyrmak okuwyň netijeliligini ýokarlandyrmagyň esasy ugurlarynyň biri bolup durýar, şonuň üçin hem ähli ýurtlar bilim ulgamynda mümkin boldugyça has köp täzelikleri girizmäge çalyşýarlar.

Depginli öňegidişliklere kuwwatly itergi berýän we netijeli maglumat tehnologiýalarynyň biri bolup multimediýa tehnologiýalary (iňlisçeden multimedia multi – köp, media – gurşaw) çykyş edýär. Ol şekilleriň, tekstleriň we ses, wideo, animasiýa we beýleki şekilli maglumat serişdeleri bilen utgaşykly berilýän maglumat toplumlaryny emele getirýär. Häzirki wagtda multimediýa serişdeleriniň kömegi bilen maglumatlary bermegiň köpsanly usullary ulanylýar.

Hormatly Prezidentimiziň ýadawsyz aladalary bilen türkmen ýaşlary hemmetaraplaýyn döwlet aladasy bilen gurşalyp alynýar. Her ýyl orta mekdebiň birinji synpyna gelýän okuwçylara okuwyň birinji gününde iň täze nusgadaky noutbuk enjamlary sowgat berilýär.

Bilim ulgamynyň maglumatlaşmagynyň möhüm ugurlaryna şular degişlidir:

– okuw mekdebiniň derejesinde elektron maglumatlar ulgamyny ulanmak arkaly gaýybana maglumat-bilim gurşawyny döretmek we onuň netijeli hereket etmegini üpjün etmek boýunça toplumlaýyn çäreleri durmuşa geçirmek;

– okatmakda, ylmy barlaglary guramaçylykly dolandyrmakda ýardam berýän maglumat tehnologiýalaryny ulgamlaýyn esasda özara utgaşdyrmak;

– bilim boýunça umumy maglumat giňişligini döretmek we yzygiderli kämilleşdirmek.

Maglumat we aragatnaşyk tehnologiýalarynyň giňden ulanylmagy bilim ulgamyny kämilleşdirmegiň netijeli ýollarynyň biri bolmak bilen, şu möhüm wezipeleri ýerine ýetirmäge mümkinçilik berýär:

– okatmagyň döwrebap usullaryndan peýdalanmaga mümkinçilik berýär;

– maglumatlary bermegiň döwrebap usullaryny we okuwyň ýörite işlenilip taýýarlanylan programma ulgamlaryny (web-tehnologiýalaryny) ulanmak arkaly okuw-terbiýeçilik işleriniň netijeliligini artdyrýar;

– okuwçylaryň we talyplaryň öwrenilýän derse gyzyklanmasyny hem-de höweslenmesini ýokarlandyrýar.

Djeren Khojmyradova, Sahragul Yamadova
(Turkmenistan)

INNOVATIONS AS AN EFFECTIVE FACTOR OF HUMAN CAPITAL BUILDUP AND ECONOMY GROWTH INNOVATION POLICY

The modern global development environment points to the human capital in the context of successive strengthening of own competitiveness in the market space and achievement of qualitatively new economic indicators. The trends of the current economic development bring human capital to the forefront as a key criterion for ensuring innovative development. Innovative developments, in turn, are an integral element of confident strengthening of material base of the manufacturing sector.

The modern level of consciousness development, progressive knowledge and innovative technologies is constantly increasing as one of the main sources and factors of economic growth.

Today, the widespread introduction of innovations is an important mechanism for strengthening of competitiveness of the economy of Turkmenistan.

Джерен Ходжамырадова, Сахрагуль Ямадова
(Туркменистан)

ИННОВАЦИИ КАК ДЕЙСТВЕННЫЙ ФАКТОР ЭКОНОМИЧЕСКОГО РОСТА

Конъюнктура современного глобального развития указывает человеческий капитал в контексте последовательного упрочения собственной конкурентоспособности на рыночном пространстве и достижения качественно новых экономических показателей. Тенденции текущего экономического развития выводят человеческий капитал на передний план как ключевой критерий обеспечения инновационного развития. Инновационные разработки, в свою очередь, выступают необъемлемым элементом уверенного укрепления материальной базы производственного сектора.

Современный уровень развития сознания, прогрессивных знаний, инновационных технологий неизменно повышается, выступая одним из основных источников и факторов экономического роста.

На современной стадии широкое внедрение инноваций указывается в качестве важного механизма укрепления конкурентоспособности национальной экономики Туркменистана.

Işan Orazgulyýew
(Türkmenistan)

TIZLIK GÖRKEZIJISINE BAGLYLYKDA HEREKET EDIJI DÜZÜMIŇ GÜNDELIK ÖNDÜRIJILIGI

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow: Häzirki wagtda döwletimiziň üstaşyr ulag kuwwatynyň artdyrylmagyna, şeýle hem milli ykdysadyýetimiziň diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürilmegine aýratyn üns berilýär. Şu maksat bilen, Gündogar – Günbatar we Demirgazyk – Günorta ulag geçelgeler ulgamy yzygiderli ösdürilýär. Şunuň bilen baglylykda, howa, demir ýol, awtoulag we deňiz gatnawlarynyň toplumlaýyn ulgamyny giňeltmek boýunça giň gerimli işler alnyp barylýar. Munuň özi Ýewraziýa yklymynda özara bähbitli sebitleýin söwda-ykdysady gatnaşyklaryň işjeňleşdirilmegine mümkinçilik berer.

Bu makalada ýerine ýetirilýän seljerme tehniki-ulanyş görkezijileriň biri bolan orta tehniki tizligiň hereket ediji düzümiň öndürijiligine edýän täsirini ýüze çykarmaga gönükdirilendir.

Hakykatda awtoulag bilen ýük daşamalary ýerine ýetirilende iş obýekti görkezilen her bir ulag üçin ugury we çalşykda (günde) ýerine ýetirmeli gatnaw sany berilýär. Köp edebiýatlarda gündelik çalşyk ýa-da gündelik önümi hasaplamak (1) we (2) formulalardan başlaýan belli gatnaşyklara laýyklykda amala aşyrylýar.

$$W_Q = \frac{T \cdot \beta \cdot V_T \cdot q\gamma}{l_Ý + t \cdot \beta \cdot V_T}, \quad [t / sag] \tag{1}$$

$$W_P = \frac{T \cdot l_Ý \cdot \beta \cdot V_T \cdot q\gamma}{l_Ý + t \cdot \beta \cdot V_T}, \quad [t \cdot km / sag] \tag{2}$$

(1) we (2) formulalara esaslanyp, tizligiň ýokarlanmagy bilen giperbolaň kanunyna laýyklykda ulagyň öndürijiliginiň hemişe ýokarlanýandygy görýäris. Üýtgemäniň göni proporsional bolmazlygy V_T orta tehniki tizligiň köpelmegi netijesinde her aýlawda ýa-da gatnawda hereket wagtynyň gysgalmagy bilen düşündirilýär. Onda şol bir wagtyň özünde ugurda has köp gatnaw ýerine ýetirmek mümkinçiligi döreýär, ýöne şol bir wagtda hem ulag-ýük işlerine sarp edilýän wagtyň köpelmegine sebäp bolýan ýükleýiş we düşüriş nokatlaryna has köp barmaly bolýar, bu bolsa öndürijilige ýaramaz täsir edýär.

Şu nukdaýnazardan tizligiň kiçi bahalarda ýokarlanmagy, uly bahalarda ýokarlanmagyna garanyňda has uly täsir berip biler. Ýöne daşama boýunça meýilnama işlenilip düzülende we ykdysady hasaplamalarda seljeriş netijeleri ulanylanda bu düzgün hemişe göz öňünde tutulmaýar.

Tizligiň ýokarlanmagy bilen ugurdaky geçilen aralyk köpelip biler, bu bolsa ulanyş çykdajylaryň köpelmegine sebäp bolar, hatda artan aýlaw sanyna laýyklykda aralyk köpelmese-de, çykdajylar hemişe ýokarlanýar. Mundan başga-da tizlik näçe ýokarlandygyça, öndürijiligiň udel ösüşi kiçidir we çykdajylar şonça-da ýokarydyr. Şonuň üçin hem hereket ediji düzümiň tizligini ýokarlandyryp, çykdajylaryň öwezini dolup bolar ýaly tizligi ýokarlandyrmak öndürijiligiň ýokarlanmagyna hemişe sebäp bolup bilmez.

Awtoulag ugurda meýilnamalaşdyrylan wagtyň dowamynda bary-ýogy birnäçe hakyky gatnaw edip bilýär diýen ýörelgäni dowam etdirip, orta tehniki tizligiň ýokarlanmagy netijesinde öndürijiligiň köpelmegi mümkin, haçan-da herekete sarp edilen wagtyň azalmagy sebäpli, hereket wagty şeýle bir azalýar welin, meýilleşdirilen wagtyň dowamynda azyndan bir goşmaça gatnaw etmäge mümkinçilik dörän ýagdaýynda. Beýleki ýagdaýda öndürijiligiň ýokarlanmagy ýüze çykmaz, diňe ulanyş görkezijisi ýokarlanar.

Hasaplamalar Matlab programmasynyň Simulink goşmaçasynda geçirilip, blok shemasynyň düzüliş yzygiderligi boýunça düzülse derňew prosesi has ýeňilleşýär. Bu goşmaçada hasaplamalary ýerine ýetirmek awtomatik ýagdaýda bolup, meseledäki üýtgeýjilere baglylykda, öndürijiligi seljermeklik hasaplama işini has ýeňledýär.

Hasaplamalara laýyklykda şu aşakdaky netijelere gelmek bolar:

$Q = f(V_T)$ we $P = f(V_T)$ funksiýalary häzirki nazaryýetde ((1) we (2) aňlatmalar) aýdylyşy ýaly üznüksiz çyzykly we giperboliki däl;

– ulagyň orta tehniki tizliginde öndürijiligiň köpelmegi bilen birlikde üýtgemeleriň gaty uly aralyklary bar. Bu hadysany göz öňünde tutmazlyk, ulagyň işleýşini seljermekde we meýilleşdirmekde ýalňyşlyklara sebäp bolup biler.

– eger ugurda awtoulag köp gatnaw ýerine ýetirer ýaly has ýokary tizlige ýetip bilmeýän bolsa, onda has pes tizlik bilen hereket etmeli, bu hem bitewi san gatnawlara laýyk gelýär.

Barlaglaryň netijesinde durmuşy maglumatlary bilen hasaplanan maglumatlar bilen deňeşdirilende, ulag prosesiniň diskret ýagdaýda göz öňünde tutup alnan hasaplamalara doly gabat gelýändigini görkezdi.

Ishan Orazgulyev
(Turkmenistan)

DAILY PRODUCTIVITY OF ROLLING STOCK DEPENDING ON THE SPEED INDICATOR

The analysis carried out in this work is aimed at identifying the influence of average technical speed, which is one of the technical indicators, on the productivity of rolling stock. As a result of research, comparing real-time data with calculated ones, it was shown that the transport process is in full accordance with calculations based on a discrete state,

Ишан Оразгулыев
(Туркменистан)

СУТОЧНАЯ ПРОИЗВОДИТЕЛЬНОСТЬ ПОДВИЖНОГО СОСТАВА В ЗАВИСИМОСТИ ОТ ПОКАЗАТЕЛЯ СКОРОСТИ

Анализ, проведенный в данной работе, направлен на выявление влияния средней технической скорости, которая является одним из технических показателей на производительность подвижного состава. В результате исследований, сравнивая данные реального времени с расчетными, было показано, что транспортный процесс находится в полном соответствии с расчетами, основанными на дискретном состоянии.

Pirmuhammet Ekäýew
(Türkmenistan)

BERKARAR DÖWLETIŇ TÄZE EÝÝAMYNYŇ GALKYNYŞY DÖWRÜNDE ÝURDUMYZDA HÜNÄR TALAPLARYNYŇ MILLI ÖLÇEGLERINI KÄMILLEŞDIRMEGIŇ USULLARY

BMG-niň 2030-njy ýyla çenli Durnukly ösüş maksatlarynyň Ýokary hilli bilim "Hemmezady öz içine alýan we adalatly ýokary hilli bilimi bermek we hemmeler üçin bütin durmuşyň dowamynda okamaga bolan mümkinçiligini höweslendirme" atly 4-nji maksadyny durmuşa geçirmegiň çäklerinde ýurdumyzyň mundan beýläk hem ykdysady taýdan ösüşini we abadançylygyny üpjün etmekde möhüm ähmiýeti bardyr. Şunuň bilen birlikde, bilimiň hemme adamlar üçin bütin ömrüniň dowamynda elýeter bolmagy we zähmet bazarynyň talaplaryna laýyk gelmegi örän wajypdyr.

Dünýäniň ykdysady taýdan ösen, häzirki wagtda bäsleşige ukyply önümleri öndürýän ýurtlarynyň ählisi birnäçe wagt mundan ozal hünär talaplarynyň milli ölçeglerini we hünär biliminiň milli ulgamyny özgertmekden başlapdylar. Muňa mysal hökmünde Günorta Koreýany agzap bolar, bu ýurt mundan kyrk ýyl öň ägirt uly möçberlerde daşarky bergisi bolan döwlet bolup durýardy. Şu günki günde, mälim bolşy ýaly, bu ýurt ýokary hilli, ylmy köp talap edýän önümleri eksport edýän döwletleriň arasynda ykrar edilen liderleriň biridir.

Milli bilim ulgamlarynyň öz gurluşy we bilim maksatnamalarynyň mazmuny boýunça dürli-dürli bolup durýandyklary bilen bagly, milli we halkara derejelerde

dürli ýurtlaryň gazanan üstünliklerini deňeşdirmek we olaryň maksatlara tarap hereketine gözegçilik etmek aňsat däldir. Dünýä derejesinde hünär bilimi ulgamlarynyň jähetlerine we proseslerine düşünmek we dogry düşündiriş bermek üçin maglumatlaryň deňeşdirip bolujylygyny üpjün etmek aýratyn möhüm bolup durýar. Ol halkara derejesinde deňeşdirip bolýan statistiki maglumatlary bermek üçin Halkara standart klassifikasiýany ulanmak arkaly gazanylyp bilner.

Hünäriň bilim standartlaryny işläp düzmegiň we hünär talaplarynyň milli ölçeglerini ornaşdyrmagyň halkara tejribesiniň, GDA-nyň we dünýäniň ösen ýurtlarynyň tejribesiniň görkezişi ýaly, hünär bilim standartlaryny işläp taýýarlamakdan ozal Hünär talaplarynyň milli ölçegini we hünär standartlaryny düzmek we tassyklamak amala aşyrylýar, bu hem öz gezeginde, zähmete degişli kanunçylyk binýadyna üýtgetmeleriň girizilmegini talap edýär.

Hünär bilim ulgamyny özgertmegiň daşary ýurt tejribesiniň görkezişi ýaly, soňky 10 ýylyň dowamynda Hünär talaplarynyň milli ulgamyny döretmek boýunça giň gerimli işler alnyp barylýar.



1-nji şekil. Hünär talaplarynyň milli ulgamynyň elementleri

Pirmuhammet Ekaev
(Turkmenistan)

WAYS FOR IMPROVING NATIONAL COMPETENCY CRITERIA IN OUR COUNTRY IN THE REVIVAL OF A NEW EPOCH OF A POWERFUL STATE

Goal 4 of the 2030 Agenda for Sustainable Development is quality education: ensuring inclusive and equitable quality education and promoting lifelong learning opportunities for all. Its achievement is critical to sustaining the country's economic growth momentum and prosperity. At the same time, it is essential that education is accessible to all throughout life and responsive to labour market demands.

Comparing national and international achievements across countries and tracking progress towards the goals is difficult because of the different structure and content of education programmes in national education systems. Ensuring comparability of data is crucial for understanding and valid interpretation of the aspects and processes of vocational education systems around the world.

Пирмухаммет Экеев
(Туркменистан)

СПОСОБЫ ПОВЫШЕНИЯ НАЦИОНАЛЬНЫХ КРИТЕРИЕВ ПРОФЕССИОНАЛЬНЫХ ТРЕБОВАНИЙ В НАШЕЙ СТРАНЕ В ЭРУ ВОЗРОЖДЕНИЯ НОВОЙ ЭПОХИ МОГУЩЕСТВЕННОГО ГОСУДАРСТВА

Цель 4 в Повестке дня в области устойчивого развития на период до 2030 года – качественное образование: обеспечение всеохватного и справедливого качественного образования и поощрение возможности обучения на протяжении всей жизни для всех. Её достижение играет едва ли не определяющую в дальнейшем поддержании динамики роста экономики и процветания страны. Вместе с тем крайне важно, чтобы образование было доступным для всех на протяжении всей жизни и отвечало запросам рынка труда.

Сравнивать достижения разных стран на национальном и международном уровнях и отслеживать их прогресс в достижении поставленных целей непросто из-за различий структуры и содержания образовательных программ национальных системы образования. Обеспечение сопоставимости данных имеет решающее значение для понимания и достоверной интерпретации аспектов и процессов систем профессионального образования во всём мире.

Mähri Annameredowa, Jennet Baýramgeldiýewa
(Türkmenistan)

ÝEŇIL SENAGAT KÄRHANALARYNYŇ KADALAR ULGAMYNY KÄMILLEŞDIRMEK

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda 2022–2030-njy ýyllar aralygyndaky ýurdumyzyň ykdysady strategiýasyna laýyklykda, dokma pudagynda daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleriň öndürilýän möçberlerini artdyrmak, içerki bazary ýurdumyzda öndürilýän ýokary hilli, ekologiýa taýdan arassa, bäsdeşlige ukyply dokma önümleri bilen doly üpjün etmek babatda öňde goýlan wezipeleri üstünlikli dowam etdirmekgi meýilleşdirilýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyň esasy wezipeleriniň biri hem ýurdumyzyň gaýtadan işleýän senagatynyň esasy düzüm bölegi bolup durýan, dokma senagatyny ýokary depginli ösdürmekden ybaratdyr. Bellenen wezipeleri amala aşyrmak maksady bilen, ýurdumyzda ýylda birnäçe iri ýokary tehnologik dokma kärhanalary gurulýar, işe girizilýär.

Ýeňil senagaty ýurduň ykdysadyýetiniň iň çalt ösýän pudaklaryndan biridir. Häzirki wagtda Türkmenistanyň ýeňil senagaty önümleriň köp görnüşi we önümçiligiň ep-esli bölegi eksporta gönükdirilen önümçiligiň ýokary ösüşi bilen häsiýetlendirilýär.

Türkmenistanyň ýeňil senagaty döwletiň senagatynyň esasy pudaklarynyň biridir. Häzirki wagtda ýeňil senagaty halkyň sarp edýän harytlarynyň dürli görnüşlerini öndürýär. 2023-nji ýylda ýeňil senagaty jemi bahasy 1,5 mlrd manat bolan möçberde öňüm öndürdi bu bolsa 2022-nji ýyldaky möçberine garanyňda 10 % köpeldildi. Umumy pudagyň aýlanşygy 2,1 mlrd. manat bolup, ol 2022-nji ýyla garanyňda 12% ýokarydyr.

Önümçiligiň möçberiniň artmagy bilen önümleriň hilini ýokarlandyrmak meselesi hem ýüze çykýar. Bu ýagdaýda önümçilikde ulanylýan çig malyň we beýleki önümçilik serişdeleriň sarp ediliş kadalarynyň ulanylýan tehnologiýalara laýyk gelmegi we ýokary hilli önüm öndürmek üçin täsiri örän ähmiýetlidir. Şol bir wagtyň özünde laýyk gelýän kadalary ulanmak üçin önümçilik serişdeleriň, şol sanda çig malyň we materiallaryň iň tygşytly we netijeli peýdalanmagyny üpjün edýär.

Häzirki wagtda dokma kärhanalar täze ýokary tehnologiýaly enjamlar bilen ornaşdyrylan hem-de her kärhana aýratyn tehnologik tapawutlylygy bilen häsiýetlendirilýär. Bu ýagdaýda önümçilik serişdeleriň sarp ediliş kadalarynynyň her kärhananyň ulanýan tehnologiýasyna laýyk getirmeklik ýerlikli we peýdaly bolup durýar.

Şol sebäpli hem, ýurdumyzyň dokma senagatynyň kärhanalarynyň önümçilik serişdeleriniň sarp ediliş kadalaryny işläp düzmegiň usullaryny kämilleşdirmek derwaýys meseleleriň biridir.

Ylmy işiň çäginde hem döwletimizdäki ýeňil senagatyň kärhanalarynyň önümçilik serişdeleriniň sarp ediliş kadalaryny kesgitlemek usullary kämilleşdirmek, şeýle hem olary tejribede peýdalamak üçin usulyýet teklipleri işlenip düzüldi.

Myahri Annameredova, Djennet Bayramgeldiyeva
(Türkmenistan)

IMPROVING THE STANDARDIZATION SYSTEM AT LIGHT INDUSTRY ENTERPRISES

Within the framework of the topic under consideration, work was carried out improve calculation methods and create a system for rationing basic and auxiliary production assets at light industry enterprises in Turkmenistan.

Мяхри Аннамередова, Дженнет Байрамгельдыева
(Türkmenistan)

УЛУЧШЕНИЕ СИСТЕМЫ НОРМИРОВАНИЯ НА ПРЕДПРИЯТИЯХ ЛЕГКОЙ ПРОМЫШЛЕННОСТИ

В рамках рассматриваемой темы была проведена работа по улучшению методик расчета и создания системы нормирования основных и вспомогательных производственных средств на предприятиях легкой промышленности Туркменистана.

Hallyberdi Baýramow, Mekan Atagulyýew
(Türkmenistan)

TÜRKMENISTANDA INNOWASIÝA SYÝASATYNY ÖSDÜRMEGIŇ WE KÄMILLEŞDIRMEGIŇ ESASY UGURLARY

Ylmyň gazananlary esasynda döredilen täze tehnikalary we tehnologiýalary önümçilige ornaşdyrmak döwletleriň umumy intellektual kuwwatyny ösdürmek bilen baglanyşyklydyr. Hut şonuň üçin hem, hormatly Prezidentimiz ylmy-bilimi ösdürmek we ony ösen döwletleriň derejesine ýetirmek maksady bilen anyk çäreleri

durmuşa geçirýär. Ylmyň gazananlaryny önümçilige ornaşdyrmak netijesinde uly utuşlara eýe bolunýandygynyň mümkinçiligini dünýä tejribesi görkezýär. Munda diňe bir öz ýurdumyzyň içinde ylmyň gazananlaryny ulanmak bilen çäklenmän, eýsem aýry-aýry ylmy pudaklara ýöriteleşen ýurtlaryň gazanan üstünliklerini-de önümçilige ornaşdyrmak esasynda uly netijeler gazanmak mümkin.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiz milli ykdysadyýetiň ähli pudaklaryna innowasion tehnologiýalary, şol sanda sanly tehnologiýalary ornaşdyryp, elektron resminamalar dolanyşygyna hem-de elektron şahsyýetnamalar ulgamyna geçmek, bäsdeşlige ukyply sanly ykdysadyýeti, sazlaşykly işleýän elektron senagatyny döretmek, sanly aragatnaşyk babatynda şäherleriň we obalaryň arasyndaky tapawudy aradan aýyrmak wezipelerini öňe sürýär. "Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň milli Maksatnamasy", "Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy", "Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy". we beýleki resminamalar öz mazmunyna şol kesgitlenen ugurlary alýar.

Ýurdumyzyň innowasiýa syýasatynyň maksady Türkmenistanda telekeçiligi innowasiýanyň hasabyna serişdeleri rejeli we toplumlaýyn özleşdirmekden, ösen tehnologiýalary ulanmak arkaly senagat taýdan gaýtadan işlemekden hem-de ýurtda öndürilýän, bäsdeşlige ukyply, taýýar önümleri dünýä bazarlaryna amatly nyrhlar bilen çykarmakdan, ykdysadyýetiň pudaklaýyn düzümini, sebitleýin ýerleşişini kämilleşdirmekden, edara-kärhanalaryň tehniki we tehnologiýa taýdan enjamlaşdyrylyşyny döwrebaplaşdyrmakdan, ilatymyzyň durmuş hal ýagdaýyny ösen döwletleriň derejesine çykarmakdan ybarat.

Bu syýasat ylym, tehnika we önümçilik ugurlarynda innowasion işini höweslendirmek, meýilnamalaşdyrmak, dolandyrmak boýunça geçirilýän çärelerden ybarat bolup durýar. Innowasiýa syýasatyň işjeň ýöredilmegine, ýurtda ylmyň ösmegine, ylymly-bilimli hünärmenleri taýýarlamaga, önümçilik çygrynda innowasiýanyň işjeňligini ýokarlandyrmaga gönükdirilen meýilnamalary düzmäge itergi berýär. Bu syýasatda döwletiň esasy wezipesi bar bolan ylmy-tehniki kuwwatlylygy ykdysadyýetiň ösüşine gönükdirmekden ybarat.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşi hojalygy ýöretmegiň öňdebaryjy usullaryna esaslanýar. Hususan-da, hormatly Prezidentimiz islendik önümçilik kuwwatlylyklarynyň gurluşyna ýa-da işe girizilmegine badalga berende, hökmany suratda, iň kämil tehnalogiýalary ornaşdyrmagy talap edýär. Başgaça aýdylanda, innowasion tehnologiýalary, giň gerimli innowasiýa syýasaty Türkmenistanyň ykdysady ösüşiniň esasy hereketlendiriji güýji bolup durýar.

Hormatly Prezidentimiziň yzygiderli amala aşyrýan döwlet innowasiýa syýasaty ýurdumyzyň durnukly ykdysady ösüşini, azyk, energiýa, tehnologiýa we ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmekde, milli önümleriň dünýä bazarynda bäsdeşlige ukyplylygyny, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmaga gönükdirilendir. Häzirki döwürde ýurdumyzyň ylym we bilim ulgamyny has-da kämilleşdirmäge möhüm ähmiýet berilýär. Ýaşlaryň bilim we döredijilik mümkinçiliklerini ösdürmek üçin ulgamyň maddy-enjamlaýyn binýady döwrebaplaşdyrylýar, täze bilim edaralary döredilýär. Ylmy barlaglara we işläp taýýarlamalara, tehnologik we guramaçylyk innowasiýalara gönükdirilýän maýa goýumlaryň ýyl-ýyldan artdyrylmagy, olary ulanmagyň esasynda ýokary ykdysady netijeleriň gazanylmagy innowasiýa işiniň ösdürilmegi üçin zerur şertleri döredýär.

Hallyberdi Bayramov, Mekan Atagulyyev
(Turkmenistan)

THE MAIN DIRECTIONS OF DEVELOPMENT AND IMPROVEMENT OF INNOVATIVE POLICY IN TURKMENISTAN

Currently, the socio-economic development of Turkmenistan is based on advanced methods of economic management. In particular, when the President of Turkmenistan initiates the construction or commissioning of any production facilities, he necessarily requires the introduction of the most advanced technologies. In other words, innovative technologies and large-scale innovative policy are the main driving force of Turkmenistan's economic development.

The State innovative policy implemented by the esteemed President is aimed at ensuring stable economic development of the country, ensuring food, energy, technological and environmental security, increasing the competitiveness of national products on the world market and the standard of living of the people. Currently, great importance is attached to improving the science and education system of our country. In order to develop the educational and creative potential of young people, the material base of the system is being modernized, new educational institutions are being created.

Халлыберды Байрамов, Мекан Атагулыев
(Туркменистан)

ОСНОВНЫЕ НАПРАВЛЕНИЯ РАЗВИТИЯ И СОВЕРШЕНСТВОВАНИЯ ИННОВАЦИОННОЙ ПОЛИТИКИ В ТУРКМЕНИСТАНЕ

В настоящее время социально-экономическое развитие Туркменистана базируется на передовых методах управления экономикой. В частности, когда Президент Туркменистана инициирует строительство или ввод в эксплуатацию каких-либо производственных мощностей, он обязательно требует внедрения самых передовых технологий. Иными словами, инновационные технологии и масштабная инновационная политика являются основной движущей силой экономического развития Туркменистана.

Государственная инновационная политика, реализуемая Уважаемым Президентом, направлена на обеспечение стабильного экономического развития страны, обеспечение продовольственной, энергетической, технологической и экологической безопасности, повышение конкурентоспособности национальной продукции на мировом рынке и уровня жизни народа. В настоящее время придается важное значение совершенствованию системы науки и образования нашей страны. В целях развития образовательного и творческого потенциала молодежи модернизируется материальная база системы, создаются новые образовательные учреждения.

Gyzylgül Toýçyýewa, Röwşen Öwezgeldiýew
(Türkmenistan)

TÜRKMENISTANDA TELEKEÇILIGI ÖSDÜRMEGIŇ WAJYP UGURLARY

Dünýäniň ykdysady we hojalyk taýdan ösüşine täsir eden waka XX asyryň ikinji ýarymynda ýüze çykan erkin ykdysady zolaklaryň döredilmegidir. Erkin ykdysady zolaklar dünýäniň köp döwletlerine ýaýrandyr. 90-njy ýyllaryň ortalaryna dünýäde 4 müňden gowrak erkin zolak hereket edýärdi. Erkin ykdysady zolaklar – munuň özi daşary ýurt we milli telekeçiler üçin aýratyn ýeňillikli ykdysady şertler hereket edýän çäklendirilen giňişliklerdir. Bu çäklerde erkin ykdysady zolagyň gatnaşyjylary üçin aýratyn hukuk düzgüni ýola goýulýan, anyk kesgitlenen administratiw serhetleri bolan ýörite bölünip berlen çäkdir.. Erkin ykdysady zolaklar dürli at bilen çykyş edip biler. Olara mysal

edip, “ýörite ykdysady zolaklary”, “bilelikdäki telekeçiligiň zolaklaryny”, “erkin söwdanyň zolaklaryny “erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklaryny” görkezmek bolar. Bu zolaklarda aýratyn hukuk düzgünleri hereket edýändir, ýagny salgyt salynmagynyň, pul, gümrük taýdan düzgünleşdirmegiň ýeňillikli tertibi we şertleri ýola goýulýan, fiziki şahslaryň gelmeginiň, ol ýerde bolmagynyň we gitmeginiň, zähmet gatnaşyklarynyň, maliýe-karz işiniň ýönekeýleşdirilen tertibi we erkin ykdysady zolaklary döretmegiň maksatlarynyň gazanylmagyna gönükdirilen başga düzgünleri belleýän hukuk kadalary jemlenýändir.

Erkin ykdysady zolaklaryň döredilmegi möhüm ykdysady meseleleri çözmek bilen baglydyr. Erkin ykdysady zolak sebitleýin ykdysadyýetine ýardam etmek üçin netijeli guraldyr. Erkin ykdysady zolaklary döretmegiň döwlet bähbitleri aşakdakylar: daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek, maýa toplamak, harytlary we hyzmatlary öndürmek üçin innowasiýa tehnologiýalaryny almak; esasan hem ýokary hünärli işgärler üçin köpsanly täze iş ýerlerini döretmek; importyň ornuny tutmak, daşary ýurtdan getirmegiň ýerine içerki bazary ösdürmek üçin, ýurduň içinde harytlary, tehnologiýalary we hyzmatlary öndürmek.

Häzirki döwürde erkin gümrük ykdysady zolaklar, paçsyz zolaklar, daşary ýurtlara harytlary erkin çykarmak boýunça önümçilik zolaklary, erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklary, tehniki ykdysady ösüş zolagy, ylmy-senagat parklary we beýleki birnäçe görnüşler giňden ulanylýar. Köp ýurtlarda hereket edýän erkin gümrük zolaklarynda önümçiligi ösdürmäge amatly şertleri döretmek üçin söwda erkinliginiň berilmegi şol döwletiň eksport mümkinçiliklerініň artmagyna ýardam berýär.

Erkin ykdysady zolaklary ösdürmegiň wajyplygy onuň ýerine ýetirýän aralykçy wezipesi, ýagny milli ykdysadyýeti dünýä bazary bilen birleşdirmek wezipesi bilen baglanyşyklydyr. Şu nukdaýnazardan, Türkmenistanda erkin ykdysady zolaklaryň milli bähbitlerimize we ykdysady mümkinçiliklerimize laýyk gelýän döwrebap görnüşlerini ösdürmek wezipesinden ugur alyp, bu ugurda toplanan dünýä tejribesini öwrenmek möhüm bolup durýar. Häzirki döwürde ýurdumyzyň sebitlerinde türkmen telekeçileri tarapyndan oba hojalyk önümleriniň dürli görnüşleriniň köp möçberde öndürilmegi biziň döwletimizde hem oba hojalyk önümlerini senagat taýdan gaýtadan işlemegiň ýerli we daşary ýurtly işewürler üçin özüne çekiji boljakdygyny ynamly aýtmaga esas döredýär.

Gyzylgul Toychiyeva, Rovshen Ovezgeldiyev
(Turkmenistan)

THE MAIN TRENDS IN DEVELOPMENT OF BUSINESS IN TURKMENISTAN

Free economic zones play an important role in order to accelerate the rate of socio-economic development of countries, to develop the country's export potential based on the development of the country's export potential based on the development of its natural resources. A free economic zone is an effective tool to promote the regional economy. A free economic zone is an effective tool to promote the regional economy.

This area, which provides for favorable economic and legal regulations for investors, is important primarily because it allows the national economy to attract a large amount of foreign investment, that is, it helps to direct these funds to the organization of new industries, the development of the service market, and the creation of new enterprises.

Гызылгуль Тойчиева, Ровшен Овезгельдыев
(Туркменистан)

ОСНОВНЫЕ НАПРАВЛЕНИЯ РАЗВИТИЯ ПРЕДПРИНИМАТЕЛЬСТВА В ТУРКМЕНИСТАНЕ

Свободные экономические зоны играют важную роль в целях ускорения темпов социально-экономического развития страны, развития экспортного потенциала государства на основе освоения природных ресурсов страны и создания комплекса сервисного производства. Свободная экономическая зона является эффективным инструментом развития региональной экономики.

Это направление, которое обеспечивает благоприятные экономическо-правовые законы для инвесторов, важно тем, что позволяет привлекать большие объемы иностранных инвестиций в национальную экономику, то есть помогает направить эти средства на организацию новых производств, развитию рынка услуг и создание новых предприятий.

Hangeldi Gurbangeldiýew
(Türkmenistan)

TÄZE MAKSATNAMA, DÖWREBAP IŞ ÝÖRELGELERI: YKDYSADY ÖSÜŞIŇ AÝDYŇ ÝOLUNDA

Arkadagly Gahryman Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzyň asudalygyny, halkymyzyň agzybirligini, binýady mäkäm tutulan döwletimiziň sarsmaz esasyny, jemgyýetimiziň mizemez jebisligini pugtalandyrmakda gazanylýan üstünlikler milli ykdysadyýetimiziň durnukly ösmeginiň ygtybarly kepiline öwrülýär. “Pähim – paýhas ummany, Magtymguly Pyragy” ýylynda ýurdumyzyň her bir raýatynyň ösen döwletleriňkä kybap durmuş abadançylygyny, mynasyp ýaşaýyş derejesini üpjün etmek ugrunda düýpli öňegidişlikler gazanylýar. Hemmetaraplaýyn kämil ösüşlere tarap ynamly ugur alan bu döwürde öňdebaryjy dünýä tejribesine, ylyma, bilime we iň täze tehnologiýalara daýanmak ýörelgesi ýurdumyzda uly syýasy mekdebi geçen Milli Liderimiziň, Gahryman Arkadagymyzyň ilki başdan saýlap alan içeri we daşary syýasatynyň düýp özeninde goýlandyr. Milli agzybirlige, syýasy durnuklylyga bil baglamak bilen, ykdysadyýetimiziň binýatlaýyn pudaklaryny, şol sanda oba hojalygyny, gurluşyk materiallary senagatyny, nebitgaz, dokma, himiýa toplumlaryny tehniki we tehnologik taýdan düýpli döwrebaplaşdyrmak, durmuş hem-de medeni ugurly şähergurluşyk ulgamyny, sagdyn durmuş ýörelgelerine esaslanýan bedenterbiýäni we sporty köpçülikleýin ösdürmek ileri tutulýan maksatlaryň hatarynda durýar. Milli syýahatçylyk pudagy pajarlap ösýär. Ýurdumyza iri möçberli daşary ýurt maýa goýumlaryny giňden çekmek hem-de netijeli özleşdirmek maksady bilen, döwletimizde milli we daşary ýurtly maýadarlaryň netijeli iş alyp barmaklary üçin ýokary amatlyklar döredilýär. Döwletimizde iri möçberli, kämil ylym-tehnologiýaly, ýokary sygymly senagat toplumlaryny gurmak işleri hormatly Prezidentimiz tarapyndan öňe sürlen döwrebap ykdysady strategiýa laýyklykda amala aşyrylýar. Milli ykdysady ösüşiň ähli ugurlarynda geljegi nazarlaýan her bir başlangyçda, başy tutulýan tutumly işlerde, rowaçlyga beslenýän ägirt uly taslamalary amala aşyrmakda berk jogapkärçilik, işi hökmany tertipnama laýyk ýerine ýetirmek hem hasabatlylyk ýörelgesi pugta ileri tutulýar. Döwlet dolandyryş düzümleriniň işini kämilleşdirmek boýunça bellenen çäreler hut şu maksada gönükdirilendir. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň 2024-nji ýylyň 9-nji fewralynda geçirilen giňişleýin mejlisinde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň garamagyna Türkmenistanda durmuş-ykdysady ösüş we maýa goýumlary boýunça ýyllyk Maksatnamanyň kämilleşdirilen taslamasy hödürlenildi. Ol ýurdumyzyň ministrliklerinde, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynda, welaýatlarda, Aşgabat we Arkadag şäherlerinde ýedi ýyllyk Prezident Maksatnamasynda

kesgitlenen wezipeleri we 2024-nji ýylyň döwlet býujetinde göz öňünde tutulan taslamalary ýokary hilli we öz wagtynda amala aşyrmaga gönükdirilendir. Döwlet syýasatynda ileri tutulýan durmuş ugurlaryny ösdürmek çärelerini öz içine alýan Milli maksatnama 2024-nji ýylyň hasabaty üçin meýilnamalaşdyryş döwrüniň çaklamasyny öz içine alyp, onuň çäklerinde maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna jemi 38,5 mlrd manat möçberde maýa goýumlary özleşdirilmegini nazarlaýar. Şol sanda, onuň önümçilik böleginde 26,1 mlrd manat maýalyk serişdelerini özleşdirmek göz öňünde tutulýar. Şu ýylda özleşdirilmegi göz öňünde tutulan düýpli maýalaryň döwlete degişli böleginiň paýy 59,6 göterime ýa-da 22,9 mlrd manada, döwlete dahylsyz bölegiň paýy 30,2 göterime ýa-da 11,6 mlrd manada, daşary ýurt maýa goýumlarynyň paýy hem 10,2 göterime ýa-da 3,9 mlrd manada deň bolar. Bu ýylda maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna özleşdiriljek maýa goýumlaryň düzüminde kärhanalaryň we guramalaryň öz serişdeleriniň paýy 53,0 göterim, karz ugurly çekilen serişdeler 12,1 göterim, döwletiň býujet serişdeleri 5,4 göterim, Türkmenistanyň döwlet serişdeleri 11,3 göterim, daşary ýurt maýa goýumlary 10,2 göterim hem-de gaýry serişdeler 8,0 göterim möçberden ybaratdyr. Diýmek, 2024-nji ýylda hem milli we daşary ýurt pulunda özleşdiriljek maýa goýumlary ösüşiň esasy hereketlendiriji güýji bolmagynda galar. Hut şol nukdaýnazaryndan şu ýylda döwlet býujeti maýa goýumlaryň özleşdirilişiniň ýokary derejede saklanmagyny meýilleşdirdi, şeýle netije esasan hem kärhanalaryň öz serişdelerinden goýjak hususy maýasynyň hasabyna gazanylar. Şu 2024-nji hasabat ýylynda jemi içerki önümiň ösüşi geçen ýylyň degişli döwrüne garanyňda 6,3 göterim derejede ýa-da 231,0 mlrd manat möçberde bolar diýlip çaklanylýar.

Hangeldi Gurbangeldyev
(Turkmenistan)

NEW PROGRAM, MODERN BUSINESS PRINCIPLES: ON A DEFINITE PATH OF ECONOMIC GROWTH

The National Program, covering measures for development of priority social areas specified in the state policy, includes a forecast of the planning period for the 2024 report, which provides for assimilating investments from all sources of financing in a total amount of 38.5 billion manats. As for its production part, it is planned to use investment funds in the amount of 26.1 billion manats. The shares of capital investments planned for the assimilation this year are distributed as follows: public sector – 59.6 percent or 22.9 billion manats; non-state sector – 30.2 percent or 11.6 billion manats; and foreign investments – 10.2 percent or 3.9 billion manats. As part of investments to be made this year from all sources of financing, the share

of own funds of enterprises and organizations is 53.0 percent, borrowed funds – 12.1 percent, state budget funds – 5.4 percent, state funds of Turkmenistan – 11.3 percent, foreign investments – 10.2 percent, and other funds – 8.0 percent.

Хангельды Гурбангельдыев
(Туркменистан)

НОВАЯ ПРОГРАММА, СОВРЕМЕННЫЕ ПРИНЦИПЫ ДЕЯТЕЛЬНОСТИ: НА УВЕРЕННОМ ПУТИ ЭКОНОМИЧЕСКОГО РОСТА

Национальная Программа, охватывающая меры по развитию приоритетных социальных направлений включает прогноз планового периода для отчета 2024 года, в рамках которой предусматривается освоение инвестиций за счет всех источников финансирования в общем размере 38,5 млрд. манатов. В ее производственной части планируется использование инвестиционных средств на сумму 26,1 млрд. манатов. Доли капитальных вложений, предусмотренных к освоению в текущем году, распределены следующим образом: государственный сектор – 59,6 процента или 22,9 млрд. манатов; негосударственный сектор – 30,2 процента или 11,6 млрд. манатов; иностранные инвестиции – 10,2 процента или 3,9 млрд. манатов. В составе инвестиций, подлежащих освоению в текущем году за счет всех источников финансирования, доля собственных средств предприятий и организаций составляет 53,0 процента, заемных средств – 12,1 процента, средств государственного бюджета – 5,4 процента, государственных средств Туркменистана – 11,3 процента, иностранные инвестиции – 10,2 процента, прочие фонды – 8,0 процента.

Selbi Pirliýewa
(Türkmenistan)

KÄRHANANYŇ IŞINI MALIÝELEŞDIRMEGIŇ ÇEŞMELERINE BOLAN YLMY GARAÝYŞLAR

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde kärhananyň işiniň netijeliligi we onda zerur maýa goýumlarynyň öz wagtynda ýerine ýetirilmegi, maýadarlaryň iň amatly derejesini saklamak, şeýle hem, kärhananyň işiniň göwrümini giňeltmek üçin şertleri üpjün etmek ony maliýeleşdirmekligiň çeşmelerine baglydyr.

Ykdysatçy alym O.Ý.Dýagel özüniň “Täjirçilik kärhanasynyň maliýe çeşmelerini dolandyrmak üçin analitik goldaw” atly ylmy monografiýasynda

maliýeleşdirmekligiň çeşmelerini daşarky we içerki toparlara bölýär. Daşarky çeşmeler, bu kärhananyň özüne daşyndan çekýän serişdeleri bolup, olara maliýe we karz guramalarynyň, maýadarlaryň (şahsy we edara görnüşli taraplaryň) we döwlet serişdeleri degişlidir. Kärhananyň maliýe we ykdysady işleriniň netijesinde öz serişdeleriniň hasabyna emele gelýän serişdeleri bolsa, içerki çeşme bolup durýar. Häzirki wagtda kärhananyň işini maliýeleşdirmekliginiň bäş görnüşli ulgamy ornaşdyrylan, olar şulardan ybarat bolup durýarlar: öz-özüňi maliýeleşdirmek, maýa bazarynyň mehanizmi arkaly göni maliýeleşdirme, bank karzlaşdyrmasy, býujet maliýeleşdirmesi we ykdysady subýektleriň özara maliýeleşdirilmegi.

Öz-özüňi maliýeleşdirmeklikde kärhanalar öz alan peýdasynyň hasabyna maliýeleşdirilýär. Bu maliýe serişdeleriniň goşmaça çeşmelerini gözläp tapmagyň has amatly usulydyr, ýöne ony uzak möhlete çaklamak örän çylşyrymly ýagdaýdyr we ol maliýe serişdeleriniň uly göwrümini toplamakda çäklendirilendir. Şol sebäpli, geljege niýetlenilen telekeçiligiň ösdürilmegi maliýeleşdirmegiň goşmaça çeşmeleriniň çekilmegini göz öňünde tutýar.

Maýa bazarynyň mehanizmi arkaly göni maliýeleşdirme. Munda maliýe serişdeleriniň çekilmeginiň iki usuly, çünki paýly maliýeleşdirilmegi we bergidarlyk maliýeleşdirilmegi tapawutlandyrylýar. Paýly maliýeleşdirmekde kärhanalar bazara öz paýnamalaryny çykarýarlar, başgaça aýdanyňda, paýnamalary goşmaça satmakdan ýa-da kärhananyň eýeleriniň sanyny artdyrmakdan ýa-da eýýäm bar bolan eýeleriniň goşmaça goýan maliýe serişdeleriniň hasabyna goşmaça serişdeleri alýarlar. Bergidarlygy maliýeleşdirmekde kärhana bazarda möhletli gymmatly kagyzlaryny (obligasiýalary) satýar, olar onuň saklaýjylaryna uzak möhletiň dowamynda girdeji almaga we şu obligasiýalar çykarylanda kesgitlenilen şertlere laýyklykda goýlan maýany yzyna gaýtaryp almaga hukuk berýär.

Bank karzlaşdyrmasy. Bank karzlarynyň alynmagy karz alyjynyň önümçiliginiň göwrümi, peýdanyň toplanylyşynyň durnuklylygy, maýa bazarynda kärhananyň paýnamalarynyň ýerleşdirilişiniň derejesi bilen baglaşdyrylmaýar. Çekilýän bank karzlarynyň möçberi näçe diýseň hem ýokary bolup bilýär we bank karzlarynyň resmileşdirilişi we karz alyja bank edarasy tarapyndan onuň berlişi gysga we uzak möhletde amala aşyrylyp bilinýär.

Bu bank karzy barada A.I.Položensewa, T.N.Solowýowa we A.P. Esenkowa "Guramanyň (kärhananyň) maliýesi" atly okuw gollanmasynda şeýle belläp geçýärler: "Karz alnan maýa bellibir möhleti bolan kärhananyň maliýe borçnamalarynda aňladylýar. Karz alnan serişdeler kärhanada ösüş üçin maliýeleşdirmekligiň goşmaça mümkinçiligini döredýär we onda maýanyň paýynyň ýokarlanmagy maliýe durnuklylygynyň peselmek töwekgelçiligini hem ýokarlandyrýar we karz boýunça tölenilen göterim sebäpli aktiwleriň girdejisi azalýar".

Býujet maliýeleşdirmesi aýry-aýry derejelerdäki býujetlerden maliýe serişdeleriniň alynmagyny göz öňünde tutýan has uly isleg bildirilýän maliýe-

leşdirilmegiň usulydyr. Ýöne, birnäçe sebäpler boýunça maliýeleşdirilmegiň şu çeşmesiniň akymy ýyl-ýyldan kemelýär.

Ykdysady subýektleriň özara maliýeleşdirilmegi. Hojalyk amallary amala aşyrylanda kärhanalar biri-birine ýükläp iberýän harytlary üçin tölenmeli tölegleriň möhletlerini yza süýşürýändikleri sebäpli, ykdysady subýektleriň arasynda özara maliýeleşdirme ýüze çykýar. Hasaplaşykdaky hereketsiz duran serişdeleriň ululygy bellibir derejede köp sebäpler bilen baglanyşyklydyr. Ýokarda seredilip geçilen maliýeleşdirilmegiň beýleki usullaryndan tapawutlylykda, şu usulyň aýratynlygy gündelik işini gysga möhlete maliýeleşdirmek ulgamynyň aýrylmaz böleginiň bolýandygy bilen şertlendirilýär. Diýmek, bazar gatnaşyklarynda ýokarda sanalyp geçilen maliýeleşdirmekligiň çeşmeleri kärhananyň işiniň netijeliligini ýokarlanmak bilen bir hatarda, olaryň dünýä ykdysadyýetiniň ösüş aýratynlyklarynda iri kärhanalara öwrülip bilmekligine mümkinçilik döredýär.

Selbi Pirliyeva
(Turkmenistan)

SCIENTIFIC VIEWS ON THE SOURCES OF BUSINESS FINANCING

In a market economy, the efficiency of the enterprise and the timely implementation of the necessary investments in it, maintaining the most optimal level of investors, as well as providing conditions for expanding the activity scope of the enterprise depend on the sources of financing.

In her scientific monograph “Analytical support for the management of financial resources of a commercial organization”, economist O. Y. Dyagel divides sources of financing into external and internal sources. External resources are funds that an enterprise attracts from the outside, and these include financial and credit institutions, investors (individuals and legal entities) and government funds. Internal resources can be defined as funds generated by an enterprise as a result of financial and economic activities at the expense of its own resources.

Currently, five types of enterprise financing systems are being implemented: self-financing, direct financing through the capital market mechanism, bank lending, budget financing and mutual financing of business entities. It means that the sources of financing listed in market relations, increase the efficiency of enterprises and allow them to become large enterprises in the context of the development of the global economy.

Сельби Пирлиева
(Туркменистан)

НАУЧНЫЕ СООБРАЖЕНИЯ ОБ ИСТОЧНИКАХ ФИНАНСИРОВАНИЯ БИЗНЕСА

В условиях рыночной экономики от источников финансирования зависят эффективность работы предприятия и своевременное вливание в него необходимых инвестиций, поддержание самого оптимального уровня инвесторов, а также обеспечение условий для расширения сферы деятельности предприятия.

Ученый-экономист О. Ю. Дягель в своей научной монографии “Аналитическое обеспечение управления финансовыми ресурсами коммерческой организации” разделяет источники финансирования на внешние и внутренние группы. Внешние ресурсы – это средства, которые предприятие привлекает извне, и к ним относятся финансово-кредитные учреждения, инвесторы (физические и юридические лица) и государственные средства. Внутренними ресурсами можно назвать средства, образуемые предприятием в результате финансово-хозяйственной деятельности за счет собственных ресурсов.

В настоящее время реализуются пять типов систем финансирования предприятий: самофинансирование, прямое финансирование через механизм рынка капитала, банковское кредитование, бюджетное финансирование и взаимное финансирование хозяйствующих субъектов. То есть источники финансирования, перечисленные в рыночных отношениях, повышая эффективность деятельности предприятий, позволяют им стать крупными предприятиями в условиях развития мировой экономики.

Orazbike Nazarowa
(Türkmenistan)

DÖWLETIŇ DURMUŞ-YKDYSADY ÖSÜŞINDE BUHGALTERÇILIK HASABA ALNYŞYNYŇ WE MALIÝE HASABATLYLYGYNYŇ TUTÝAN ORNY HEM-DE ÄHMIÝETI

Berkarar döwletimiziň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda ýurdumyzda giň gerimli ykdysady özgertmeleriň amala aşyrylmagy üstünlikli dowam etdirilýär. Bu özgertmeleriň çäginde buhgalterçilik hasaba alnyşynyň we maliýe hasabatlylygynyň milli ulgamyny kämilleşdirmek meselesine hem

aýratyn ähmiýet berilýär. Türkmenistanda maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlaryna laýyk gelýän buhgalterçilik hasaba alnyşynyň milli standartlary işlenilip düzüldi hem-de şol standartlar boýunça buhgalterçilik hasaba alnyşynyň alnyp barylmagy ýola goýuldy. Kärhanalary dolandyrmagyň esasy maglumat çeşmesi bolup maliýe hasabatlylygy çykyş edýär. Maliýe hasabatlylygy kärhanany dolandyrmakda we ony daşarky peýdalanyjylaryň obýektiw ykdysady çözgütleri kabul etmekde hem-de durmuşa geçirmekde zerur maglumatlar bilen üpjün etmelidir. Bu bolsa kärhanalarda ýöredilýän buhgalter hasabynyň maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlarynyň (MHHS) umumy ykrar edilen ýörelgelerine we talaplaryna laýyklykda özgerdilmegini talap edýär. Ýurdumyzda "Buhgalterçilik hasaba alnyşy we maliýe hasabatlylygy hakynda" Türkmenistanyň Kanunyň kabul edildi. Bu Kanun buhgalterçilik hasaba alnyşy hem-de maliýe hasabatlylygy ulgamynyň esasyny kesgitlemek bilen, buhgalterçilik hasaba alnyşyny ýöretmegiň, maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlaryna laýyklykda düzülmeginiň we tabşyrylmagynyň umumy düzgünlerini belleýär. "Buhgalterçilik hasaba alnyşy we maliýe hasabatlylygy hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, kärnanalaryň we guramalaryň buhgalterleri maliýe meseleleri boýunça hünärmenler bilen bilelikde buhgalterçilik hasaba alnyşynyň, maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlaryna laýyklykda, işleriniň alnyp barylmagy bilen bagly yzygiderli okuw maslahatlaryny hem-de buhgalterleriň hünär synagyny guramak işleri yzygiderli esasda alnyp barylýar.

Ýurdumyzyň ýokary we orta hünär okuw mekdeplerinde, edara-kärhanalarda buhgalterleri taýýarlamak, hünärini ýokarlandyrmak boýunça işleri guramak, hereket edýän okuw meýilnamalaryny kämilleşdirmek, ýöriteleşdirilen halkara we milli guramalar bilen buhgalterçilik hasaba alnyşynyň hem-de maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlarynyň ýurdumyzda ornaşdyrylmagy üçin özara hyzmatdaşlyk işini guramak hemişelik häsiýete eýe boldy.

"Buhgalterçilik hasaba alnyşy we maliýe hasabatlylygy hakynda" Türkmenistanyň Kanunyň baplarynda kärhanalarda buhgalterçilik hasaba alnyşynyň guralyşy we maliýe hasabatlylygy ykdysady subýektiň hasabat senesindäki maliýe ýagdaýy, onuň hasabat döwründäki işiniň maliýe netijesi, maýasyndaky üýtgemeleri, pul serişdeleriniň hereketi barada maglumatlar hem-de hasaba alyş syýasatynyň esasy ýörelgeleriniň gysgaça beýanyndan hem-de birnäçe zerur gaýry düşündiriş maglumatlardan ybarat bolup durýar. Maliýe hasabatlylygynyň maksady subýektiň maliýe ýagdaýy, onuň işiniň maliýe netijeleri, pul serişdeleriniň hereketi barada peýdalanyjylaryň giň topary tarapyndan ykdysady çözgütler kabul edilende, olara peýdaly bolup biljek maglumatlary bermekden ybarat bolup durýar. Maliýe hasabatlylygy subýektiň serişdelerini dolandyrmak boýunça işleriniň netijelerini hem görkezýär.

Orazbike Nazarova
(Turkmenistan)

ROLE AND IMPORTANCE OF ACCOUNTING AND FINANCIAL ACCOUNTABILITY IN THE SOCIAL-ECONOMIC DEVELOPMENT OF THE STATE

In the period of the Revival of the New Era of the Powerful State, the implementation of large-scale economic reforms in the country under the leadership of the Esteemed President Arkadagly Hero Serdar, is being successfully continued. Within the framework of these reforms, special importance is attached to the issue of improving the national system of accounting and financial accountability. The national accounting standards, meeting the international standards of financial accountability, have been developed in Turkmenistan and accounting have been established according to those standards.

Financial accountability is a main source of information for business management. Financial accountability should provide the information necessary for business management as well as for external users in making the objective economic decisions and their implementation.

Оразбике Назарова
(Туркменистан)

РОЛЬ И ЗНАЧЕНИЕ БУХГАЛТЕРСКОГО УЧЁТА И ФИНАНСОВОЙ ОТЧЁТНОСТИ В СОЦИАЛЬНО-ЭКОНОМИЧЕСКОМ РАЗВИТИИ ГОСУДАРСТВА

В эру Возрождения новой эпохи могущественного государства в стране под руководством Уважаемого Президента Аркадаглы Героя Сердара успешно реализуются масштабные экономические реформы. В рамках реформенных процессов особое внимание уделяется проблеме совершенствования национальной системы бухгалтерского учёта и финансовой отчётности. В Туркменистане разработаны национальные стандарты бухгалтерского учёта, соответствующие международным стандартам финансовой отчётности, в соответствии с которыми налажен бухгалтерский учёт.

Финансовая отчётность является основным источником информации для управления предприятием. Она должна предоставлять сведения для управления предприятием, а также для принятия и реализации объективных экономических решений его внешними пользователями.

Baýramgül Geldimämmedowa, Gülbahar Täçgulyýewa
(Türkmenistan)

DOLANDYRYŞ ÇÖZGÜTLERI KABUL ETMEGIŇ ALGORITMI

Ýurdumyzyň ösüşinde ylym-bilim ulgamyna möhüm orun degişlidir. Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzyň ähli pudaklarynda, şol sanda ylym-bilim ulgamynda giň möçberli özgertmeler amala aşyrylýar, sanly ulgamyň mümkinçilikleri giňden peýdalanylýar. Buhgalterçilik dolandyryş hasaba alnyşy kärhanany netijeli dolandyrmakda bahasyna ýetip bolmajak uly ähmiýete eýedir. Buhgalterçilik dolandyryş hasaba alnyşynyň esasy maksady kärhanalaryň maliýe hojalyk işleriniň netijeliligini yzygiderli ýokarlandyrmaga gönükdirilen çözgütleri kabul etmek üçin kärhananyň ähli derejedäki ýolbaşçylaryna dolandyryş maglumatlary bermekdir.

Dolandyryş çözgüdi – bu dolandyryş zähmetiniň önümidir, çözgüdiň kabul edilmegi bolsa bu önümiň emele gelmek prosesidir. Çözgüdiň kabul edilmegi, öňde goýlan maksatlara ýetmek üçin, hereket etmegiň bar bolan ugurlaryndan oýlanyşykly çemeleşmek arkaly oňaýlysyny saýlap almakdyr. Çözgüt bu dolandyryş subýektiň, dolandyryş obýektine (ýerine ýetirijä) dolandyryş (ýolbaşçylyk) täsiridir. Şonuň üçin oňyn çözgütleriň kabul edilmegi öňde goýlan meseleleri çözmegiň özenidir.

Dolandyryş çözgüdi her bir aýratyn ýagdaýda önümçilik işiniň bellibir meselesini çözmäge gönükdirilendir. Şeýlelikde, ulgamlaýyn çemeleşmek nukdaý nazaryndan seredeniňde dolandyryş çözgüdini dolandyryşyň subýekti ýagny ýolbaşçysy (aýratyn şahsyýet) ýa-da gurama kabul edýär we ony dolandyryşyň obýektine şol çözgüdi ýerine ýetirjek bellibir işgäre ugradýar.

Çözgütleriň kabul edilmegi dolandyryşyň möhüm wezipeleriniň biri bolup durýar, sebäbi kabul edilen çözgüdiň hiline köp babatda dolandyryşyň netijeliligi bagly bolup durýar.

Çözülýän meseleler her näçe dürli bolsa-da, çözgütleri kabul etmegiň algoritmi ählisi üçin meňzeşdir. Olar şu aşakdakylardan ybarat:

– maksady anyklamak;

– eger-de maksada ýetilmese, onda onuň netijelerine baha bermek;

– çözgütleriň görnüşlerini saýlap almak üçin ölçegleri (kriterileri) seçip almak, bu görnüşleri ýüze çykarmak we olaryň iň gowusyny seçip almak;

– meseläni çözmek üçin serişdeleriň we resurslaryň üpjünçiligine, baha bermek;

– hereketleriň tertibini we anyk ýerine ýetirijileri bellemek.

Önümçiligi dolandyrmagyň çylşyrymly meseleleri boýunça dogry dolandyryş çözgütlerini kabul etmek üçin ulgamlaýyn çemeleşmä esaslanýan usullar ulanylýar.

Çözgütleriň kabul edilmegi ýagdaýyň logiki seljermesine (logiki usula) esaslanyp biler. Hakykatda dowam edýän kanunalaýyklyklaryň esasynda çözgütleriň dürli mukdar görkeziji netijeleriniň görnüşlerini durmuşa geçirýär (formallaşan usul), hünärmenleriň pikirlerini soraşdyrmak (bilermenlik baha beriş usuly) bilen almak bolýar. Mümkin bolan çözgütleriň jeminden has oňaýlysy seçilip alynýar, maksatlar anyklanylýar, maksatlara ýetmegiň serişdeleri kesgitlenilýär we degişli görkezijiler saýlanyp alynýar. Dogry dolandyryş çözgüdiniň seçilip alynmagy bellibir ýörelgeleriň we ölçegleriň toplumynyň esasynda deňeşdirme seljermesi boýunça amala aşyrylýar.

Umumy ýagdaýda dolandyryş çözgüdini seçip almagyň jikme-jik häsiýetli ýörelgesi we onuň kiçi meselelere bölünmegi esasy bolup durýar.

Meseleleri kiçi meselelere bölüşdirmek usulynyň gurallarynyň biri-de maksatlaryň agajy bolup durýar.

Maksatlaryň agajy – olary irileşdirmek we anyklaşdyrmak üçin wezipeleri, meseleleri we maksatlary bölüşdirmek usulydyr. Maksatlaryň agajyny we meselelerini gurmak ýerine ýetirijileri kesgitlemek derejesinde tamamlanýar. Bölüşdirmek üçin meňzeşlik diagramma usuly ulanylyp bilner. Şonda maksatlar gezekli-gezegine öz-özi ýelimlenýän bloklarda ýazylýar we haýsy-da bolsa bir zadyň üstünde (stolda, ýazgy tagtasynda we ş.m.) goýulýar. Şonuň ýaly-da, guramaçylyk gurluşynyň bloklary boýunça maksatlary we wezipeleri paýlamak meňzeşlik diagrammasynyň obýekti bolup durýar. Maksatlaryň agajy gurlanda, içki we daşky ýagdaýlary hasaba almaga esaslanýan toplumlaýyn seljerme ulanylýar.

Daşky seljerme goýlan meseläni çözmek bilen bagly ähli ugurlar boýunça has doly netijeleri ýüze çykarmaga gönükdirilendir. Munuň üçin mesele maksatlary durmuşa geçirmegiň tamamlaýjy tapgyry bilen deňeşdirilýär hem-de olary durmuşa geçirmegiň netijeliligine mukdar taýdan baha bermek geçirilýär.

Meseläniň içki seljermesi maksatlaryň *mesele agajyny* gurmagy göz öňünde tutýar. Şeýlelikde, dolandyryş çözgütlerini dogry kabul etmek bilen, öňde goýlan maksatlary çalt, ýitgisiz, peýdaly amala aşyrmak mümkinçiligi döreýär.

Baýramgul Geldimammedova, Gulbahar Tachgulyyeva
(Turkmenistan)

ALGORITHM FOR MAKING MANAGEMENT DECISIONS

The system of science and education plays an important role in the development of the country. Under the wise leadership of the President, large-scale transformations are being implemented in all sectors of the country, including science and education, and the potential of digital system is widely used. Management accounting is of great importance in efficient management of the

enterprise. The main goal of management accounting is to provide management information to the managers at all levels of the enterprise in order to make decisions aimed at constantly improving the efficiency of the financial and economic activities of enterprises.

Management decision is the product of management activity, and making a decision is the process of forming this product. Decision-making is the process of choosing the most appropriate course of action among the available courses of action to achieve the set goals. The decision is the managing (guiding) influence of the managing entity on the *managed object* (executor). Therefore, making a positive decision is a key to solving the problems posed.

Management decision is aimed at solving a specific problem of the production process in each individual case. Thus, from the point of view of systemic approach, management decision is accepted by the managing entity, i.e. manager (individual) or organization and it is sent to the managed object in order a definite employee carries out that decision.

Байрамгуль Гельдымаммедова, Гульбахар Тачгулыева
(Туркменистан)

АЛГОРИТМ ПРИНЯТИЯ УПРАВЛЕНЧЕСКИХ РЕШЕНИЙ

Система науки и образования играет важную роль в развитии страны. Под руководством Уважаемого Президента проводятся масштабные реформы во всех отраслях страны, включая в науке и образовании, широко используется потенциал цифровой системы. Бухгалтерский управленческий учёт имеет неоценимое значение для эффективного управления предприятием. Его основная цель – предоставление управленческой информации руководителям всех уровней предприятия для принятия решений, направленных на постоянное повышение эффективности финансово-хозяйственной деятельности предприятий.

Управленческое решение – это продукт управленческого труда, а принятие решения – это процесс, в ходе которого этот продукт создаётся. Принятие решения – это процесс выбора, наиболее подходящего путей действий из числа имеющихся вариантов для достижения поставленных целей. Решение – влияние субъекта управления (руководства) на объект управления (исполнителя). Поэтому принятие положительного решения является ключом к решению имеющихся проблем.

Управленческое решение направлено на решение конкретной проблемы производственного процесса в каждом отдельном случае. Таким образом, с точки зрения системного подхода управленческое решение принимается субъектом управления, т.е. руководителем (отдельным человеком) или организацией, и направляет его на объект управления конкретному сотруднику, который будет реализовывать это решение.

Mergendurdy Durdyýew, Gülnar Meredowa
(Türkmenistan)

DURNUKLY YKDYSADY ÖSÜŞ WE SANLY TEHNOLOGIÝALAR

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda milli ykdysadyýetiň ähli ulgamlaryna we pudaklaryna sanly tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy ýurdumyzyň durnukly sebitleýin ösüşinde öz täsirini ýetirýär. Milli ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyryp ösdürmek sebitleriň ähli ugurda deňeçer ösmegine, ykdysadyýetiň düzümleýin üýtgemegine, ilatyň ýaşaýyş-durmuş ýagdaýynyň has-da gowulandyrylmagyna gönükdirilendir. Ykdysadyýetiň düzümleýin üýtgemegine häzirki wagtda sanly tehnologiýalaryň orny has-da ýokarydyr.

Hormatly Prezidentimiz milli ykdysadyýetimizi ösdürmek boýunça öňde durýan wezipeleri IT tehnologiýalary peýdalanmagyň, täze önümçiligiň düzümlerini döretmegiň ýoly bilen çözülmelidigini yzygiderli nygtaýar. Ykjam telefon, töleg terminallary, internet üpjünçilik ulgamy arkaly töleg geçirmek mümkinçilikleri giňden ýaýbaňlandyrylýar. Häzirki döwürde ýurdumyzyň birnäçe düzümleri bütindünýä internet ulgamyna birikdirildi. Aýratyn-da, bu işde müşderilere sanly ulgamyň giň mümkinçiliklerini hödürleýän döwlet maliýe guramalary işjeňlik görkezýärler. Şeýlelikde, ýurdumyzyň her bir raýaty ykjam we beýleki telefonlaryň, IP telewidenýäniň, internetiň tölegini geçirmäge, alnan karz serişdeleri tölemäge mümkinçilik aldylar. Internetiň üstünden tölegleri geçirmäge, alnan karz serişdeleri tölemäge, nagt däl görnüşinde söwda etmekde uly ýardam berýär.

Türkmenistanda milli töleg ulgamyny ösdürmek we kämilleşdirmek boýunça yzygiderli işler alnyp barylýar. “Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyna”, “Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyna”, “Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011–2030-njy ýyllar üçin Döwlet Maksatnamasyna” laýyklykda, töleg ulgamyny ösdürmek hem-de onuň netijeliligini, ygtybarlylygyny we howpsuzlygyny üpjün etmek ýaly esasy wezipeler kesgitlenen. Şol wezipeleri ýerine ýetirmek üçin töleg ulgamynda programma üpjünçiligini we tehniki infrastrukturany kämilleşdirmek boýunça işler dowam etmek, milli töleg ulgamynyň işjeňligini kadalaşdyrýan kanunçylyk binýadyny, töleg ulgamyny dünýäniň ösen döwletleriniň derejesinde guramak, bank kartlary boýunça hereket edýän töleg ulgamlary bilen halkara ulgamlarynyň birikdirilmegi ugrunda işleri durmuşa geçirmek, töleg ulgamynda hasaplaşyklary üznüksiz wagtda amala aşyrmak üçin döwrüň talabyna laýyk gelýän ulgamy ornaşdyrmak, bankara elektron töleg ulgamyny zerur bolan aragatnaşyk ýaýlymlary bilen üpjün etmek, töleg we maglumat-amal terminallaryny, bankomatlary giňden ýaýratmak babatynda düýpli işler amala aşyrylýar.

Sanly ykdysadyýeti ösdürmek boýunça ykdysady taýdan ösen ýurtlaryň birnäçesinde toplanan tejribe sanly gurşawyň döredilmegi bilen milli ösüşde birnäçe artykmaçlyklaryň gazanylýandygyny görkezýär. Şunda maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy bilen içerki önümiň artýandygy bellenilýär. Hususan-da, şeýle tehnologiýalaryň ösmegine gönükdirilýän maýa goýumlaryň möçberi näçe köp boldugyça, şonça-da jan başyna düşýän jemi içerki önümiň ýokarlanýandygyny daşary ýurtlaryň tejribesi tassyklaýar. Beýle diýildigi, sanly maglumatlaryň täze önümleri öndürmekde eýeleýän ornunyň uludygyny aňladýar. Täze gymmatyň döredilmegi bolsa, öz gezeginde, ykdysady kuwwatymyzyň pugtalanmagyna ýardam berýär. Şunuň bilen baglylykda, soňky döwürde köp döwletleriň öz ykdysady syýasatlarynda sanly ykdysadyýeti ösdürmäge ünsleriniň güýçlenmegini hut şu sebäpler bilen düşündirip bolýar.

Jemläp aýdanymyzda, hormatly Prezidentimiziň milli ykdysadyýetimizi sanly ulgama geçirmek babatdaky anyk, çuňňur oýlanyşykly we ylmy taýdan esaslandyrylan strategiýasynyň durmuşa geçirilmegi diňe bir ýurdumyzyň esasy ykdysady görkezijileriň ösüş depginlerini ep-esli ýokarlandyrmaga ýardam etmek bilen çäklenmän, eýsem, milli ykdysadyýetimizi täze derejelere çykarmaga mümkinçilik berer.

Mergendurdy Durdyyev, Gulnar Meredova
(Turkmenistan)

SUSTAINABLE ECONOMIC DEVELOPMENT AND DIGITAL TECHNOLOGIES

The introduction of digital technologies into all systems and sectors of the national economy under the wise leadership of the Esteemed President has an effect on the sustainable regional development of the country. The growth of the national economy through diversification is aimed at the balanced development of regions in all areas, structural transformation of the economy, and improvement of living conditions of the population. Today, the role of digital technologies in the structural transformation of the economy is increasingly enhancing. In particular, public financial institutions offering clients extensive capabilities of the digital system are actively participating in this activity. Every citizen of the country has the opportunity to pay in this way for mobile and other communication services, IP television and the Internet, as well as repay borrowed funds, which greatly facilitates making payments via the Internet, repaying loans, and making non-cash payments.

Мергендурды Дурдыев, Гульнар Мередова
(Туркменистан)

УСТОЙЧИВОЕ ЭКОНОМИЧЕСКОЕ РАЗВИТИЕ И ЦИФРОВЫЕ ТЕХНОЛОГИИ

Внедрение цифровых технологий во все системы и отрасли национальной экономики под мудрым руководством Уважаемого Президента оказывает влияние на стабильное региональное развитие страны. Развитие национальной экономики путем диверсификации направлено на сбалансированное развитие регионов по всем направлениям, структурную трансформацию экономики, улучшение условий жизни населения. Сегодня все больше повышается роль цифровых технологий в структурной трансформации экономики. В частности, в этой деятельности активно участвуют государственные финансовые учреждения, предлагающие клиентам широкие возможности цифровой системы. Каждый гражданин страны получил возможность оплатить таким способом мобильную и другие услуги связи, IP-телевидение и Интернет, а также погасить заемные средства, что существенно облегчает проведение платежей через Интернет, погашение кредитов, совершение безналичных расчетов.

Orazjemal Çaryýewa, Gülnabat Saparowa
(Türkmenistan)

ULAG-ARAGATNAŞYK DURNUKLY YKDYSADY ÖSÜŞIŇ BINÝADYDYR

Bütindünýä ösüşiň häzirki aýratynlyklary hem meýilleri logistikanyň güýçli ösýän ugurlarynda özüniň aýdyň beýanyny tapýar. Adamzat jemgyýetiniň hemmetaraplaýyn ösmegi ulag we aragatnaşyk ulgamy bilen aýrylmaz baglylykda bolup geçýär. Bu ösüş öňegidişlikli we özgerişli häsiýete eýe bolmak bilen, jemgyýetçilik, önümçilik, söwda-ykdysady, ýaşaýyş-durmuş, medeni, ylmy we ynsanperwer gatnaşyklaryň gerimini yzygiderli artdyrmak, döwletleriň we halklaryň syýasy, durmuş-ykdysady, ruhy-medeni taýdan özara goşulyşmagyny hem bitewileşmegini gazanmak, umumadamzat derejesinde parahatçylygy we ösüşi, halkara doslugy hem doganlygy pugtalandyrmak işlerine kuwwatly itergi berýär.

Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň 2023-nji ýylyň 19-njy sentýabrynda ABŞ-nyň Nýu-Ýork şäherinde Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 78-nji mejlisiniň belent münberinde eden

çykyşynda halkara derejesinde baýram edilýän Bütindünýä durnukly ulag güni mynasybetli Ýokary derejeli maslahaty çagyrmak baradaky döwletli teklibi öňe sürmegi bu ýagdaýy ýene-de bir ýola tassyklaýar. Ýurt Baştutanymyzyň soňky ýyllarda Türkmenistanyň başlangyjy esasynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň ulag ulgamy bilen bagly Kararnamalarynyň 6-synyň kabul edilendigini bellemek bilen, olaryň ählisiniň sebitde we tutuş dünýäde parahatçylygy we durnukly ösüşi goldamagyň işjeň serişdesine öwrülendigini aýratyn nygtady.

Türkmenistan goňşy döwletlere Hazar deňziniň portlaryna aralaşmaga mümkinçilik berýär. Deňiz portlaryna çykalganyň elýeterli bolmagy sebit döwletlerine geljegi hem hyzmatdaşlyk mümkinçilikleri uly bolan daşary, şol sanda Ýewropa hem Pars aýlagy bazarlaryna artykmaç harajat etmesiz çykmaga amatly ýagdaý döredýär. Ýurdumyz soňky ýyllarda bu ugurda öz işjeňligini artdyrýar, Hazarýaka döwletleri bilen oňyn hyzmatdaşlygyň çäklerinde Russiýa Federasiýasy, Gazagystan Respublikasy, Eýran Yslam Respublikasy, Azerbaýjan Respublikasy bilen netijeli gepleşikleri alyp barýar. Ýokary derejeli duşuşyklarda ara alnyp maslahatlaşylýan meseleleriň köp babatda halkara we sebit çäklerinden çykýandygyny bilermenler belleýärler. Yklymda we tutuş dünýäde emele gelýän geosyýasy ýagdaýlar bilen baglylykda, Merkezi Aziýa sebitiniň eýýäm ýakyn geljekde ägirt uly ýewraziýa megagiňişligiň "altyn köprüsine" öwrülmegine garaşyp boljakdygyny aýtmaga pugta esas döreýär.

Türkmenistan durnukly ösüş maksatlaryny milli derejede amala aşyrmakda, sebit we ählumumy derejede öndürijilikli hem oňyn häsiýetli tagallalary özara birleşdirmekde aýgytly, taryhy ähmiýetli işleriň başyny tutýar. Olarda Türkmenistanyň orny Ýewropa, Aziýa-Ýuwaş umman we Günorta-Aziýa ykdysady ulgamlaryň arasyndaky söwda-ykdysady gatnaşyklary ösdürmegiň yklymara köprüsi hökmünde kesgitlenilýär. Häzirki döwrüň ösüş depginleri we meýilleri ulag hyzmatlaryna bolan islegiň barha ýokarlanmagyna alyp barýar, şeýle şertlerde önümçiligiň, bazaryň we ilatyň döwrebap ulag, aragatnaşyk we üstaşyr-logistika hyzmatlaryna bildirýän hajatlaryny has doly kanagatlandyrmaga ukyply ulag-aragatnaşyk toplumyny kemala getirmek hem yzygiderli kämilleşdirmek uzakmöhletleýin esasda ileri tutulýar. Şunuň bilen baglylykda, gündogar-günbatar we demirgazyk-günorta ugurlarda logistika gatnawlaryny özara baglanyşdyrýan esasy ýollaryň ugry boýunça milli ulag-aragatnaşyk düzümlerini yzygiderli giňeltmek gaýragoýulmasyz wezipe bolup durýar, munuň özi ýurdumyzyň bütindünýä ulag ulgamyna sazlaşykly goşulyşmagyny üpjün eder.

Özüniň hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesine pugta eýermek bilen, Garaşsyz Türkmenistan bu maksatlara ugur alýan milli we halkara taslamalara iri möçberli maýa goýumlary gönükdirýär. Ýewropanyň we Aziýanyň arasyndaky ygtybarly

aragatnaşyk köprüsine öwrülýän hem-de ulag harajatlarynyň azaldylmagyna, yklymyň ýurtlarynyň arasynda haryt dolanyşygynyň ýaýbaňlandyrylmagyna giň mümkinçilik açýan Demirgazyk-Günorta ulag geçelgesiniň döredilmegi bu ugurda durmuşa geçirilýän taslamalaryň aýdyň mysalydyr. "Türkmenistan-Owganystan-Täjigistan demir ýoly hem Aziýa sebitiniň döwletleriniň arasynda ulag geçelgelerini döretmekde möhüm ähmiýete öwrüler. Bu iri möçberli taslamanyň durmuşa geçirilmegi şu ulag gatnawlarynyň ugrunda ýerleşýän döwletleriň halkara ykdysady giňişligine işjeň goşulmagyna, özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmäge saldamly goşant goşmagyna itergi berer.

Orazjemal Charyyeva, Gulnabat Saparova
(Turkmenistan)

TRANSPORT AND COMMUNICATION COMPLEX AS A FACTOR OF SUSTAINABLE ECONOMIC DEVELOPMENT

Modern trends and specifics of global progress are clearly observed in those areas of logistics that are developing at an accelerated pace. The comprehensive development of human society is inseparably linked to the transport and communication system.

Turkmenistan is strongly committed to achieve the Sustainable Development Goals at the national level and to consolidate constructive practical steps in the regional and global dimensions. Turkmenistan's role in them has been defined as a transcontinental bridge for intensifying trade and economic ties between the economic systems of Europe, the Asia-Pacific region and South Asia. The current dynamics and development trends lead to an increase in demand for transport services. Under these circumstances, it is preferable to form and systematically improve the transport and communication complex capable of more fully meeting the needs of production, market and population in modern transport and communication and transit-logistic services. In this context, an urgent task is the consistent expansion of the national transport and communications infrastructure in the direction of the main routes uniting logistics flows in the East-West and North-South directions. Solution of this task, in turn, will ensure optimal integration of our country into the global transport system.

Ораздженмал Чарыева, Гульнабат Сапарова
(Туркменистан)

ТРАНСПОРТНО-КОММУНИКАЦИОННЫЙ КОМПЛЕКС – ФАКТОР УСТОЙЧИВОГО ЭКОНОМИЧЕСКОГО РАЗВИТИЯ

Современные тенденции и специфика глобального прогресса наглядно проявляются в тех сферах логистики, которые развиваются ускоренными темпами. Всестороннее развитие человеческого общества неразрывно связано с транспортно-коммуникационной системой.

Туркменистан принимает комплексные меры по достижению Целей устойчивого развития на национальном уровне, консолидации конструктивных практических шагов в региональном и глобальном измерении. Роль Туркменистана в них определена как трансконтинентальный мост для активизации торгово-экономических связей между экономическими системами Европы, Азиатско-Тихоокеанского региона и Южной Азии. Нынешняя динамика и тенденции развития приводят к увеличению спроса на транспортные услуги. В сложившихся условиях предпочтительнее сформировать и планомерно совершенствовать транспортно-коммуникационный комплекс, способный более полно удовлетворять потребности производства, рынка и населения в современных транспортно-коммуникационных и транзитно-логистических услугах. В данном контексте актуальной задачей является последовательное расширение национальной транспортно-коммуникационной инфраструктуры в направлении основных маршрутов, объединяющих логистические потоки в направлениях Восток-Запад и Север-Юг. Решение этой задачи, в свою очередь, обеспечит оптимальную интеграцию нашей страны в глобальную транспортную систему.

Hojageldi Atamyradow, Merdan Baýramow
(Türkmenistan)

TÜRKMENISTANYŇ ULAG ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ STRATEGIÝASY

“Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy” ýurdumyzy syýasy, ykdysady, durmuş, medeni, ylym we bilim babatda ýokary depginlerde ösdürmegiň aýdyň ýoluny kesgitledi. Ýurdumyzyň durmuş-ykdysady

özgertmelerinde ulag we kommunikasiýa ulgamynyň tutýan ornuna möhüm ähmiýet berilýär. Häzirki döwürde ýol-ulag kommunikasiýasy önümçilige sanly we innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak we maddy-tehniki taýdan gurplanmak arkaly ösüşli özgerişliklere beslenýär.

Dünýä bileleşiginiň agzasy hökmünde Bitarap Türkmenistan häzirki çylşyrymly döwürde halkara derejesinde Ählumumy howpsuzlygy, parahatçylygy, deňhukukly hyzmatdaşlygy we durnukly ösüşi üpjün etmekde Birleşen Milletler Guramasynyň (BMG) Tertipnamasy esasynda dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan uly goldawa mynasyp bolýan başlangyçlar bilen yzygiderli çykyş edýär. Türkmenistanyň başlangyjy bilen 2008-nji ýyldan bäri 25 sany BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan dürli ugurlar boýunça Kararnamalaryň kabul edilmegi, şol sanda 6 sany Kararnamanyň bolsa ulag ulgamynyň işine degişli bolup, her ýylyň 26-njy noýabrynyň "Bütindünýä durnukly ulag güni" diýlip yglan edilmegi, onuň hem 2016-njy ýylyň noýabr aýynyň 26-synda BMG-niň gatnaşmagynda paýtagtymyz Aşgabat şäherinde Durnukly ulag boýunça ilkinji ählumumy maslahatyň geçirilen gününe gabat getirilmeginde uly many-mazmun bardyr.

Türkmenistanyň çäginden geçýän Demirgazyk-Günorta we Gündogar-Günbatar ugurlara tarap uzaýan ulag ýollarymyz diňe içerki milli bähbitlerimizi araman, sebit möçberinde howpsuzlygy, parahatçylygy we durnukly ösüşi üpjün etmekde hem ähmiýetliligi bilen tapawutlanýar. Türkmenistan Hazar we Gara deňizleriniň üstünden geçýän, Ýewropa, Ýakyn Gündogar, Aziýa-Ýuwaş umman sebitlerini bir bitewi ulag ulgamyna birleşdirýän Ýewraziýa multimodal üstaşyr ulag taslamalaryny durmuşa geçirmegiň üstünde işleýär. Ulaglaryň dürli görnüşlerini utgaşdyryp, multimodal usullardan we innowasion tehnologiýalardan peýdalanylyp, logistiki çemeleşmeler esasynda gatnawlaryň amala aşyrylmagy, gatnadylýan ýükleriň özüne düşýän bahasynyň peselmegine we gatnaw möhletleriniň gysgalmagyna getirjekdigi mälimdir.

Inklýuziw ulag ulgamynyň kemala getirilmeginiň halkara söwdanyň, maýa goýum işjeňligiňiň artmagyna täsir etjekligi düşnüklidir. Ençeme söwda guramalarynyň, ösüş we täzeleniş banklarynyň, maliýe we ykdysady institutlaryň halkara ulag taslamalaryny durmuşa geçirmäge goldaw bermegi ulag hyzmatlarynyň işjeňleşmegine, söwda-ykdysady gatnaşyklaryň we islegleriň kanagatlandyrylmagyna, halkara, ynsanperwerlik, durmuş, medeni we ylym-bilim hyzmatdaşlygynyň işjeňleşmegine ýardam edýär. Umuman, ulag pudagy ýer ýüzüniň halklarynyň ýakynlaşmagyna we özara düşünişmegine ýardam berýän ynsanperwer ugurly gatnaşyklary ösdürmekde hereketlendiriji güýje öwrülýär. Bu bolsa öz gezeginde goşmaça iş orunlary bilen üpjünçilige, ilatyň durmuş-ýaşaýyş şertleriniň gowulanmagyna, her bir ýurtda asudalygyň, parahatçylygyň, durnukly ösüşiň, bolçulygyň emele gelmegini üpjün edýär.

Ýurdumyzda içerki we üstaşyr ulag gatnawlaryň yzygider ýagdaýda artmagy, demir ýol, deňiz-derýa, howa we awtomobil ulag görnüşlerine mahsusdyr. Her bir ulag görnüşiniň özboluşly aýratynlygy, gatnawlarynyň guralyşy, hereketiniň howpsuzlygy, netijeli ulanylmagy babatda toplumlaýyn çäreler geçirilýär. Şol aýratynlyklary nazara alyp, ulag görnüşleriniň netijeli arabaglanyşygyny gazanmak Türkmenistanyň ulag ulgamynyň esasy ösüş ugruny kesgitleýän strategiýasydyr.

Türkmenistanyň ulag ulgamynyň ösüş strategiýasy häzirki zaman maglumat beriş we innowasion tehnologiýalardan toplumlaýyn peýdalanyp, ýer ýüzüniň halklarynyň ýakynlaşmagyna we özara düşünişmegine ýardam berýän ynsanperwer ugra gönükdirilendir.

Hojageldi Atamyradov, Merdan Bayramov
(Turkmenistan)

A STRATEGY FOR THE DEVELOPMENT OF THE TRANSPORT SYSTEM IN TURKMENISTAN

In Turkmenistan, the program “Revival of a New Era of a Powerful State: National program of the socio-economic development of Turkmenistan in 2022–2052” set goals and objectives designed to bring the country to a new stage of development. Country’s transport communications, targeted and comprehensive activities are being taken to introduce innovative technologies and create intercontinental logistic centers across the transport system.

The development of an inclusive transport system affects to the growth of international trade and investment activities. The transportation industry as a whole encourage the development of humanitarian relations that promote the rapprochement and mutual understanding of the people of the earth. This, in truth, leads to additional employment, improvement of people’s living conditions, peace and prosperity in every country.

Ходжагельды Атамурадов, Мердан Байрамов
(Туркменистан)

СТРАТЕГИЯ РАЗВИТИИ ТРАНСПОРТНОЙ СИСТЕМЫ ТУРКМЕНИСТАНА

В Туркменистане Программа “Возрождение новой эпохи могущественного государства: Национальная программа социально-экономического развития Туркменистана в 2022–2052 годах” поставила цели и задачи, призванные

вывести страну на новый виток развития. В транспортной коммуникации страны осуществляются целенаправленные и комплексных мероприятии по внедрению инновационных технологии и созданию межконтинентальных центров логистики в транспортной системе.

Создание инклюзивной транспортной системы приводят к существенной активизации международной торговли и инвестиционных вложений. Транспортная система усиливает процессы взаимного понимания народов всего мира, развивает взаимоотношения в гуманитарных направлениях. Все это в свои очередь обеспечивает создание дополнительных рабочих мест, благополучию каждой семьи и народов, способ стврощих достижению общего мирного сосушествования.

Bibihatyja Aşyrowa
(Türkmenistan)

SANLY ULGAMDA IŞGÄRLERI DOLANDYRMAGYŇ AÝRATYNLYKLARY

Innowasion-sanly ykdysadyýete geçmek kärhanalaryň işgärlerini dolandyrmagyň çemeleşmelerini düýpli özgertmegi talap edýär.

Sanly ykdysadyýet tehniki ilerlemäniň, tehnologik infrastrukturalaryň ösüşleriniň tebigy netijesi bolup durýar we uly maglumatlar gorunyň ulanylmagy bolsa jemgyýeti köpçülikleýin sanly öwrülişige alyp barýar. Eger sanlaşdyrmagyň birinji tapgyry internetiň millionlarça ulanyjylar üçin elýeterliliginiň giňeldilmegi, häzirki tapgyry önümçilik hadysalaryna we dolandyryşa sanly hyzmatlaryň, önümleriň we ulgamlaryň giň gerimde ornaşdyrylmagy bolup durýar.

Hojalyk amallarynyň tizligini ýokarlandyrmaga, täze maglumat çeşmelerini döretmäge, täze önümleri ornaşdyrmagyň we işlemegiň işlerini ýönekeýleşdirmäge mümkinçilik berýän sanly ulgamyň kärhanalaryň ähli işlerine aralaşmagy işgärleri dolandyrmagyň hem täzeden guralmagyna getirýär.

Bilermenler tarapyndan telekeçiligi dolandyrmagyň üýtgedilip guralmagynda maglumatlaryň tizligini, geçirijiligini we howpsuzlygyny üpjün edýän gural hökmünde blokçeýn tehnologiýasynyň mümkinçiliklerine ýokary baha berilýär.

Innowasion-sanly ykdysadyýete geçiş şertlerinde adam maýasynyň intellektual tarapynyň ähmiýeti ep-esli artýar hem-de sanly ykdysadyýeti bilimlere esaslanýan möhüm tapawutlary şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Ykdysadyýetiň ösüşi innowasiýalaryň önümçilige ornaşdyrylyşyna hem-de innowasion hadysalaryň guralyşynyň netijeliligine baglydyr.

2. Maglumatlaryň we bilimleriň ýokary depginler bilen ösüşi zähmetiň predmetidir we esasy önümidir.

3. Ilatyň iş bilen meşgullygynyň düzüminiň üýtgemegi.

4. Intelletual eýeçiligiň ähmiýetiniň artmagy.

5. Innowasiýa taýdan işjeň kärhanalaryň sanynyň artmagy.

Sanly ulgam aragatnaşyk wagtyny kemeltmäge we ähli telekeçilik amallaryny tizlendirmäge mümkinçilik berýär. Şonuň üçin adam maýasynyň ösüşine uly üns berilýär. Bazarda bäsdeşlige ukyply bolup galmaga isleg bildirýän kärhana täze tehnikalary we tehnologiýalary ornaşdyrmazdan ozal kärhananyň işgärlerini guramagyň hem-de dolandyrmagyň usullaryny özgertmek, işgärler syýasatyny üýtgetmek, başarjaň işgärleriň taýýarlamak, ýagny kärhananyň işgärlerini dolandyrmagyň ulgamynyň özgerdilmegi amala aşyrylmalydyr.

Innowasion-sanly ykdysadyýet şertlerinde işgärlere kärhana tarapyndan şu aşakdaky talaplar goýulýar:

1. Bazaryň çalt üýtgeýän şertlerine tiz uýgunlaşmak.

2. Öz-özüňi kämilleşdirmek.

3. Kämil aň-paýhas.

4. Ýokary zähmet öndürijiligini üpjün etmek.

5. Kärhanadaky önümçilik hadysalaryna gatnaşmak we işjeňlik görkezmek.

6. Maglumat tehnologiýalaryny kämil derejede ulanmagy başarmak.

Iş berijiler üçin häzirki zaman şertlerinde “ýeňil endikler” (*soft skills*) atlandyrylýan şu aşakdaky häsiýetlere we ukyplara ähmiýet bermeli meselem;

1. Topar bolup işlemek.

2. Bilesi gelijilik, täze pikirleri döretmek.

3. Öz-özüňe tankytlamak.

4. Ýüze çykan meseleleri çözmek.

5. Dürli adamlar bilen dil tapmak.

Sanly tehnologiýalar işgärleri dolandyrmagyň esasynda ýatan esasy hadysalary üýtgedýär. Şu hadysalara işgärlere ýolbaşçylyk, işgärleri saýlamak, zähmet öndürijiligini dolandyrmak, okatmak we bilimi ösdürmek, maddy we maddy däl höweslendirmeler, ýeňillikler we ş.m. degişlidir.

Bibihatyja Ashyrova
(Turkmenistan)

FEATURES OF MANAGING EMPLOYEES ON DIGITAL SYSTEM

It should be taken into account that the state's competitiveness is the main factor of production, economic growth, and ultimately labor resources in the conditions of digitalization of the economy. Therefore, the development of the country is directly related to the end. The transition to the innovation-digital economy requires a comprehensive reform of approaches of enterprises to the management of employees.

The digital economy is a natural result of technical progress, developments in technological infrastructures, and the use of big data is driving the mass digital transformation of society. If the first stage of digitalization is the expansion of the Internet's accessibility to millions of users, the current stage is the widespread adoption of digital services, products and systems of production processes and management.

Бибихатиджа Аширова
(Туркменистан)

ОСОБЕННОСТИ ЗАМЕНЫ СОТРУДНИКОВ В УПРАВЛЕНИИ ЦИФРОВОЙ СИСТЕМЫ

В условиях современной цифровизации экономики необходимо учитывать, что конкурентоспособность государства является основным фактором развития производства, экономики, наконец, трудовых ресурсов. Переход к инновационно-цифровой экономике требует комплексного реформирования подходов предприятий к управлению персоналом.

Цифровая экономика является закономерным результатом технического прогресса, развития технологической инфраструктуры, а использование больших данных ведет к цифровой трансформации общества. Если первой фазой цифровизации было расширение доступности Интернета для миллионов пользователей, то нынешняя – широкое внедрение цифровых услуг, продуктов и систем производственных процессов управления.

Jennet Atdaýewa
(Türkmenistan)

BAZAR ŞERTLERINDE KÄRHANANYŇ YKDYSADY NETIJELILIGINIŇ ÖSÜŞINIŇ HÄZIRKI ZAMAN MEÝILLERI

Ýurdumyzyň innowasion mümkinçiliklerini açyp görkezmek, ony giňden ýaýbaňlandyrmak örän ähmiýetli meseleleriň biri bolup durýar. Elbetde, innowasion mümkinçiliklerini döretmekde we ösdürmekde ýaş nesliň wajyp orny bardyr. Häzirki ýaşlaryň innowasion ösüşlere tarap diňe ynamly, maksadaokgunly barmagy, döwletimiziň dürli gurşawlarynda ýaşlaryň ruhy, maddy, fiziki taýdan kemala gelmegi Türkmenistanyň ösüşiniň röwşen geljeginiň kepili bolup durýar. Dünýä gurşawynda döwletimiziň abraýyny artdyrjak milli innowasion syýasatyň kämilleşip durmagy we bu syýasaty ähli tarapdan ökde hünärmenleriň goldamagy örän wajyp meseleleriň biri bolup durýar.

Häzirki zaman dünýäsi çalt depginler bilen ösýän ylmy-tehniki we tehnologik ösüşleri bilen ýokary derejede tapawutlanýar. Munuň özi innowasion özgertmeleriň netijesinde önümçilik kärhanalarynda işlejek geljekki hünärmenlere önümiň hilini ösdürmäge höwes döretmek bolup durýar, çüňki, ýokary hilli önüm ýurduň ykdysady derejesini ykrar edýär.

Bazar ykdysadyýetiniň häzirki zaman şertlerinde önümçilik kärhanasynyň esasy maksady önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmak bolup durýar. Ýurtda önümçilik gatnaşyklarynyň we makroykdysady ýagdaýyň umumylykda üýtgemegi bilen kärhananayň ykdysady netijeliligi, onuň jähetleri we bahalandyryş usullary ýaly düşünjeler ençeme ösüşlere eýe boldy.

Adatça, her bir kärhana üçin meseleleriň kesgitli sanawy bardyr. Olaryň çözülmegi bolsa, elbetde, peýda getirip biler. Hususan-da, daşardan gelýän serişdeleriň rejeli peýdalanylmagy; önümi ýerlemekde bazarda ilkinji orun gazanmak; häzirki döwrüň talaplaryna laýyk gelýän çig mal serişdeleri ahyrky önüme geirip biljek kämil tehnologiýalary satyn almak; kärhananyň durnukly ýagdaýyny saklap, maliýe netijelerini kesgitlemek.

Ykdysadyýetiň makroderejede seljerilişi aýry hojalyk subýektleriniň hereketini, olaryň bazardaky aragatnaşyklaryny, önümçilik alamatlaryny, öndürýän önümleriniň bahalaryny öwrenmekden ybaratdyr.

Hojalyk subýektleriniň esasy maksady – bu esaslandyrylan ykdysady ösüş ýoluny saýlap almak. Bazar şertlerinde ençeme kärhanalar öz hojalyk hereketinde dört sany düýpli ykdysady soraglary ulanýarlar, ýagny:

Näme, näçe sany we nähili hilde öndürmeli?

Jemgyýetçilik zähmet bölünişiginiň aýratynlyklaryny ulanyp, kesgitli işi kim ýerine ýetirmeli?

Önümçiligiň netijeliligi kim üçin niýetlenmeli.

Şol bir wagtda köp kärhanalar önümi ýerlemek we sarp edijiler bilen täze işleýiş gurallaryny gözlemek ýaly meselelere gabat gelýärler. Haçan-da önümçiligi rejeleşdirmek mümkinçiligi doly tamamlanandan soň, bazarda ýerlenilýän önümiň bahasynyň barha peselýändigi şertinde köp kärhanalar öz girdejililigini ösdürmek maksady bilen taýýar önümi satyn almaga çalyşýarlar.

Önümçilik usullaryna ykdysady ylmyň derejesinden seredilende, çig mal serişdeleri ahyrky taýýar önüme ýetirmekde ulanylýan tehniki usullaryň tapawutly bolmagy zerarly birmeňzeş önümler öndürilende olara çykarylýan harajatlar dürli bolýar. Pes harajatly önümçilik prosesiniň bolmagynda kesgitli innowasion tehnologiýalary saýlamak zerurlygy ýüze çykýar.

Bazar ykdysady şertlerinde kärhananyň netijeliligini ýokarlandyrmak maksady bilen dolandyryşy gurnamakda täze çemeleşmeleri gözläp tapmak zerurlygy ýüze çykýar. Kärhananyň hojalyk hereketinde maglumat tehnologiýalarynyň orny üýtgeýär, şol sebäpli kärhanany dolandyrmakda, çözgütleri kabul etmekde sanly ulgama geçmek ýerliklidir. Kähanany netijeli dolandyrmakda we çözgütleri kabul etmekde maglumat tehnologiýalary zerur bolan ykdysady maglumatlary özleşdirmegiň, seljermegiň täze usullaryny ulanmaga giň gerimli mümkinçilik berýär. Kabul edilýän çözgütleriň esaslandyrmasy ykdysady seljeriş usulynyň özleşdirilmesiniň netijeliligi bilen kesgitlenilýär.

Ykdysady maglumatlary analitiki taýdan özleşdirmekde ulanylýan tehnologiýalaryň kämilleşmegi kärhananyň ykdysady netijeliligini ýokarlandyrmagyň esasy özeni bolup durýar.

Jennet Atdayeva
(Turkmenistan)

MODERN TRENDS IN THE GROWTH OF ECONOMIC EFFICIENCY OF ENTERPRISES IN MARKET CONDITIONS

Information technologies greatly expand the possibilities of effective management. Thev provide the latest methods for processing and analyzing economic information needed for decision making. The validity of decisions made is largely determined by the effectiveness of the methods of economic analysis used in information processing. Improving technologies for analytical processing of economic information is one of the key points in increasing enterprise efficiency.

Дженнет Атдаева
(Туркменистан)

СОВРЕМЕННЫЕ ТЕНДЕНЦИИ РОСТА ЭКОНОМИЧЕСКОЙ ЭФФЕКТИВНОСТИ ПРЕДПРИЯТИЙ В УСЛОВИЯХ РЫНКА

Информационные технологии в значительной степени расширяют возможности эффективного управления, так как предоставляют новейшие методы обработки и анализа экономической информации, необходимой для принятия решений. Обоснованность принимаемых решений в значительной степени определяются эффективностью используемых при обработке информации методов экономического анализа. Совершенствование технологий аналитической обработки экономической информации является одним из ключевых моментов повышения эффективности работы предприятия.

Rustam Ataýew
(Türkmenistan)

INNOWASION YKDYSADYÝETI ORNAŞDYRMAGYŇ YKDYSADY ÄHMIÝETI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda bilimlere, innowasiýalara we ösen jemgyýete daýanýan, ykdysady, durmuş we ekologiýa taýdan amatly tehnologiýalary özünde jemleýän ykdysadyýetiň pudaklaýyn ösüşini dowam etdirmek, şeýle hem ýurduň sebitleriniň senagat-innowasion esasda we durnukly ösüşini gazanmak, sebitleriň ykdysady kuwwatyny berkitmäge gönükdirilen çäreleri yzygiderli durmuşa geçirmek esasy maksatlaryň hatarynda kesgitlenildi.

Milli ykdysadyýetiň innowasion ösüş ýoluna geçmegi üçin, innowasion işjeňligi güýçlendirmek möhümdir. Bu bolsa guramaçylyk-dolandyryş we maliýe-ykdysady usullaryň hereket edýän görnüşleriniň döwrüň talabyna laýyklykda kämilleşdirilmegini hem-de olaryň täze görnüşleriniň, täzeçil önümçilik tehnologiýalarynyň durmuşa ornaşdyrylmagyny talap edýär. Innowasion ykdysadyýet milli ykdysadyýeti ylma daýanýan önümçiligiň binýadynda täzeden gurmaga, ýurduň ykdysadyýetiniň dünýä ykdysadyýetiniň ösüş meýilleri bilen deň gadam urmaga, şunuň bilen baglanyşykly ýetilen sepgitleriň binýadynda bolsa ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň has-da ýokarlanmagyna oňyn täsir edýär. Şu hem dünýä döwletleriniň milli ykdysadyýetini innowasion ýol bilen ösdürmäge itergi berýär.

Önümçilik sarp edilişine çekilýän ylmy, ykdysady, tehnologik guramaçylyk we dolandyryş maglumatlary, önümçilik prosesiniň deslapdan üýtgeýän önümçilik şertlerine laýyklygyny kesgitlemäge, şahsylaşdyrylan çeşmä, şereketiň täzeçilliklerініň aýrylmaz düzüm bölegine we innowasiýalar üçin hereketlendiriji güýje öwrülýär. Daşary ýurtly alymlaryň geçiren ylmy-barlaglary şereketiň intellektual mümkinçiliklerініň maddy baýlyklary we maliýe maýasy bilen deňeşdirilende düýpli ýokarlanýandygyny görkezýär. Umuman, olaryň gatnaşygynyň 5:1 bilen 6:1 aralygynda üýtgeýändigi bellenilýär, şeýle hem ylmy-barlaglara we oýlap tapyşlara sarp edilen bir ABŞ dollarynyň tehnologiýa maýa goýlan dollardan sekiz esse köp girdeji getirýändigini geçirilen hasaplamalar görkezýär. Bu bolsa, Milli maksatnamada kesgitlenilişi ýaly, milli ykdysadyýetiň innowasion ösüş ýoluna geçmeginiň zerurlygyny aýdyňlygy bilen görkezýär.

Innowasiýa ykdysadyýetine geçilmeginiň milli ykdysadyýete ýetirýän esasy oňyn täsirleriniň birisi hem ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmagy bilen berk baglanyşyklydyr. Ýurdumyzyň Bütindünýä söwda guramasyna goşulmak babatynda durmuşa geçirýän işjeň syýasaty, ýerli önüm öndürjilerimiziň önümleriniň halkara bazarlara girmegini has-da aňsatlaşdyrýar. Bu bäsdeşlige ukyplylygyň meseleleriniň işjeňligini has-da ýokarlandyrýar. Tutuşlygyna alnanda milli ykdysadyýetiň bäsdeşlik ukyby bazar şertlerinde ykdysady netijeliligi doly açyp görkezýär we maddy pudakda bolup geçýän gurluş üýtgemeleriniň netijelerini has doly häsiýetlendirýär. Ykdysadyýetiň ösüşiniň esasy şerti hökmünde bäsdeşlige ukyplylygy üpjün etmek, milli önümleriň eksportyny artdyrmak we importy çalyşmak syýasatynyň üstünlikli amal edilmegi, esasan hem, innowasion ykdysady ösüşiň kömegi bilen mümkindir.

Şunda ykdysady ösüşde önümçilige sanly tehnologiýalaryň giňişleýin ornaşdyrylmagy bolup geçýär we öň ykdysadyýetde esasy däl diýlip hasaplanylýan faktorlaryň milli baýlykdaky ornunyň has-da ýokarlanmagy bolup geçýär, şeýle hem jemgyýetiň we ykdysadyýetiň durnukly ösüşiniň esasy kepilleriniň biri bolan, adam maýasyna gönükdirilýän çykdajylaryň artmagy mahsusdyr. Şeýlelikde, ykdysadyýetiň innowasion ösüşi hökmünde, jemgyýetçilik önümçiliginiň netijeliligini ýokarlandyrmaga oňyn şertleri döredýän ylmy barlaglaryň we oýlap tapyşlaryň, täzeçillikleri durmuşa ornaşdyrmagyň yzygiderli esasda alnyp barylmagy hökmünde häsiýetlendirip bileris.

Rustam Ataev
(Turkmenistan)

IMPORTANCE OF THE TRANSITION TO AN INNOVATIVE-DRIVEN ECONOMY

For the transition of the national economy to the path of innovative development, it is important to strengthen innovation activity. This requires the improvement of existing organizational, managerial, financial and economic mechanisms in accordance with the requirements of the time, as well as the introduction of their new forms and innovative production technologies. The innovative economy has a positive effect on the reorganization of the national economy on the basis of knowledge-intensive production, maintaining compliance of the country's economy with the development trends in the world economy, as well as further improving the living standard of the population based on the successes achieved. This also encourages countries of the world to adopt an innovative path of developing their national economies.

Рустам Атаев
(Туркменистан)

ЗНАЧИМОСТЬ ПЕРЕХОДА К ИННОВАЦИОННОЙ ЭКОНОМИКЕ

Для перехода национальной экономики на путь инновационного развития важно усилить инновационную активность. Это требует совершенствования действующих организационно-управленческих и финансово-экономических механизмов в соответствии с требованиями времени, внедрения их новых форм, а также инновационных технологий производства. Инновационная экономика положительно влияет на реорганизацию национальной экономики на базе наукоемкого производства, поддержание соответствия экономики страны тенденциям развития мирового хозяйства, а также дальнейшее повышение уровня жизни населения на основе достигнутых успехов. Это также стимулирует страны мира встать на инновационный путь развития своих национальных экономик.

Şirin Annaýewa, Aknabat Artykowa
(Türkmenistan)

NEÝRON TOR TEHNOLOGIÝALARYNY YKDYSADY ULGAMLARDA ULANMAK MÜMKINÇILIGI

"Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynyň", şeýle hem "Türkmenistanyň Prezidentiniň 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynyň" kabul edilmegi ýurdumyzyň edara-kärhanalaryny dolandyrmakda ýokary tehnologik çözgütlere esaslanýan dürli modelleriň ulanylmagyna, maglumat aragatnaşyk ulgamynyň ösdürilmegine, şeýlelikde, ulgamyň netijeliligini ýokarlandyrmaga şert döredýär. Milli ykdysadyýetimizi ösdürmek, ilatyň ýaşaýyş durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak maksady bilen ýurdumyzda ykdysadyýetiň ähli pudaklaryna öňdebaryjy tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy dürli pudaklarda netijeli gatnaşyklary işjeňleşdirmäge, ösen sanly usullary ornaşdyrmaga uly mümkinçilikleri açýar.

Soňky ýyllarda maglumat tehnologiýalarynyň çalt ösmegi we olaryň durmuşyň ähli ugurlarynda ornaşdyrylmagy innowasion tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylmadyk hiç bir ulgamy göz öňüne getirip bolmajakdygyna sebäp boldy. Şol bir wagtyň özünde täze intellektual ulgamlaryň dolandyrylyşyny goldamak we olary uýgunlaşdyrmak üçin täze "akylly" ulgamlary ösdürmek zerurlygy ýüze çykýar. Bu ýerde geljegi uly bolan ugur neýron tor tehnologiýalaryny ulanmak bolup durýar.

Neýron tor tehnologiýalary ykdysady ugurda dinamiki meseleleri öwrenmäge täze çemeleşmeleri üpjün edýän geljegi uly tehnologiýalaryň biridir. Neýron torlarynyň çeýeligi hem-de kuwwatlylygy sebäpli ol maliýe we bank işleriniň derňewi ýaly köp ölçegli ulgamlarda analitiki gurallar hökmünde uly mümkinçilikleri açýar. Maliýe serişdeleriniň walýuta ýa-da gymmatly kagyzlar bazarynda ulanylmagy bilen baglanyşykly her bir mesele elmydama töwekgelçilige sezewardyr. Şonuň üçin seresaplylyk bilen derňelmelidir we çaklanylmalydyr. Anyk meseleleri çözmekde neýron tor tehnologiýalaryny ulanmakda gazanylýan çaklamalaryň takyklygy 95%-den geçýändir.

Töwekgelçilige baha bermek üçin müşderiniň özüni alyp barşyny ýa-da belli bir müşderiler bilen işlemegiň geljegini bahalandyrmak üçin kompýuter modellerini döretmekde neýron tor tehnologiýalaryny ulanmak geljegi uly bolan ugurlaryň biridir, ýagny öň edilen geleşikleri seljerip bilmek we bu seljermäniň esasynda haýsy geleşigiň ýa-da müşderiniň geleşige has islegli ýa-da asla razy bolmajakdygyna baha bermek mümkinçiligi artar.

Neýron torlary tehnologiýalaryny iş ýüzünde ulanmak mümkinçiligi degişli programma üpjünçiliginiň ornaşdyrylmagy netijesinde döredi. Häzirki wagtda

dünýä bazarynda ýüzden gowrak neýron tor amaly programmalary bolup, häzirki wagtda adaty analitik amaly programmalary işläp düzüjileriň hemmesi diýen ýaly neýron tor tehnologiýalarynyň programmalarynyň täze wersiýalaryny girizmäge çalyşýarlar. Neýron tor ulgamynyň tehnologiýalaryna bolan islegiň artmagy sebäpli, olary durmuşa geçirýän köpsanly programma üpjünçilikleri döredildi. Ykdysady ulgamlara neýron tor tehnologiýalaryny ornaşdyrmakda iň köp ýaýran programma üpjünçiliklerine şulary mysal getirmek bolar:

The Neural Works Predict Engine – bu neýron tor ulgamyny öwretmek usulyýetiniň programma üpjünçiligi bolup, ol çaklama we toparlandyrma meseleleri üçin ulanylýar.

NeuroMine – bu maglumatlaryň çaklamasy we derňewi üçin ulanylýan neýron tor ulgamlarynyň komponentleri bolup, ol birnäçe algoritmleri goldaýar.

Tiberius – bu klassifikasiýa we regressiýa meselelerini çözmek üçin neýron tor ulgamlarynyň programma üpjünçiligi.

Tradecision – bu birža söwdalary we tehniki derňew üçin ulanylýan neýron tor tehnologiýalarynyň programma üpjünçiligi.

Umuman, milli ykdysadyýetimizi ösdürmek boýunça alnyp barylýan toplumlaýyn çäreler ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny pugtalandyrmaga, Durnukly ösüş maksatlaryny doly we hemmetaraplaýyn ýerine ýetirmäge, öňdebaryjy bilimlere we innowasiýalara daýanýan tehnologiýalary ornaşdyrmaga, sanly ykdysadyýete uýgunlaşmak, ilatyň intellektual we durmuş şertlerini ygtybarly dünýä standartlarynyň derejelerine ýetirmek ugrunda amal edilýän bazar özgertmeleriniň dowamlylygyny üpjün etmäge ýardam berer.

Shirin Annayeva Aknabat Artykova
(Turkmenistan)

POSSIBILITIES OF USING NEURAL NETWORK TECHNOLOGIES IN ECONOMY

In order to achieve sustainable development of the country's national economy and improve the living conditions of the population, the implementation of the advanced digital technologies in all sectors of the economy opens up great opportunities for enhancing effective connections in various sectors of the economy.

The rapid development of information technologies in recent years and their implementation in all spheres of life have led to the fact that today it is impossible to imagine even a small business that would not be equipped with an IT infrastructure. At the same time, there is a growing need to develop new intelligent systems to support management decisions and adapt them to the widest range of possible conditions. The most promising direction here is the use of neural network technologies.

Ширин Аннаева, Акнабат Артыкова
(Туркменистан)

ВОЗМОЖНОСТЬ ИСПОЛЬЗОВАНИЯ НЕЙРОСЕТЕВЫХ ТЕХНОЛОГИЙ В ЭКОНОМИКЕ

В целях устойчивого развития национальной экономики страны и улучшения условий жизни населения, внедрение передовых цифровых технологий во все отрасли экономики открывает большие возможности для активизации эффективных связей в различных отраслях экономики.

Быстрое развитие информационных технологий в последние годы, их реализация во всех сферах жизни привели к тому, что сегодня невозможно представить даже небольшой бизнес, который не был бы оснащен IT-инфраструктурой. В то же время растет потребность в разработке новых интеллектуальных систем для поддержки управленческих решений и адаптации их к самому широкому спектру возможных условий. Наиболее перспективным направлением здесь является использование нейросетевых технологий.

Jumamuhammet Annamuhammedow, Amanmyrat Aşyrow
(Türkmenistan)

KÄRHANANYŇ MALIÝE DURNUKLYLYGYNY BERKITMÄGE GÖNÜKDIRILEN ÇÄRELERIŇ ULGAMY

Bazar gatnaşyklary kärhanalaryň hereket etmeginiň şertlerini düýpli özgertdi. Kärhanalary ýöretmegiň täze şertlerine kärhanalaryň döz gelmegi üçin tagalla we aýawlylyk ýüze çykarylmalydyr. Şonuň bilen birlikde önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmak möhümdir, ýogsa-da kärhanalaryň batyp galmagyň uçudynda durmagy mümkin. Şu şertlerde kärhananyň hereket etmeginiň we durnukly ýagdaýynyň girewi bolup onuň maliýe durnuklylygy hyzmat edip biler.

Kärhanalaryň maliýe durnuklylygynyň çäklerini kesgitlemek bazar gatnaşyklary şertlerinde iň möhüm ykdysady meseleleriň hataryna degişlidir, sebäbi ýeterliksiz maliýe durnuklylygy kärhanada önümçiligi ösdürmäge we tölege ukyplylyga pul serişdeleriniň bolmazlygyna getirip biler.

Kärhananyň maliýe ýagdaýyny berkitmegiň esasy we iň aýgytly ugurlarynyň biri içerki ätiýaçlyklary emele getirmekdir. Onuň netijesinde önümçilik girdejisini köpeltmekden, önümçilik kuwwatyny ulanyp bergisiz işlemekden, önümiň hilini

gowulandyryp ony bäsdeşlige ukyply etmekden, material we zähmet serişdelerinden paýhasly peýdalanmakdan, olaryň özüne düşýän gymmatyny peseltmekden hem-de önümçilik harajatlaryny we ýitgilerini azaltmakdan ybaratdyr.

Maliýe durnuklylygy maliýe serişdelerini erkin hereketlendirip, olary netijeli peýdalanmagyň ýoly bilen önümçiligiň üznüksiz işlemegini we önümleri ýerleşdirmegi, şeýle hem kärhananyň gerimini giňeltmek we täzelemek boýunça çykdajylary ýapmagy üpjün etmäge ukybynyň bolmagydyr.

Maliýe ýagdaýynyň durnuklylygynyň seljermesini geçirmek kärhanalaryň we olaryň bölümleriniň işleriniň görkezijilerini deňeşdirmekden, serişdeleriň peýdalanylyşyndaky tapawutlaryň sebäplerini öwrenmekden, şeýle hem önümçiligi mundan beýläk-de kämilleşdirmek bilen birlikde onuň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin peýdalanylmadyk serişdeleri ýüze çykarmagyň anyk ýollaryny we usullaryny kesgitlemekden ybaratdyr.

Kärhanany dolandyrmagyň netijeliligi ony guramagyň derejesi we maglumatlar üpjünçiliginiň hili bilen kesgitlenilýär. Maglumatlar bilen üpjünçilik ulgamynda buhgalterçilik hasaba alnyşynyň maglumatlary aýratyn ähmiýete eýedir, maliýe hasabatlylygy bolsa kärhananyň maliýe ýagdaýy hakyndaky ynamly maglumatlary bermegi üpjün edýän baglanyşygyň esasy serişdesine öwrülýär. Şu günki günde kärhanalaryň maliýe ýagdaýynyň durnuklylygyna baha bermek üçin görkezijileriň tutuş ulgamy ulanylýar. Bu ilkinji nobatda “maliýe durnuklylygy” diýen düşünjäniň özüniň kärhananyň maliýe hasabatlylygynda getirilýän aktiwleriň, maýanyň we borçnamalaryň gurluşy, tölege ukyplylyk, maliýe netijeleri ýaly düşünjeler bilen diýseň jebis arabaglanyşygyna düşünilýär. Şonuň üçin onuň berk serhedini tapmak diýseň çylşyrymlydyr.

Kärhananyň maliýe ýagdaýynyň durnuklylygyna baha bermek üçin normatiw görkezijiler hem peýdalanylýar. Kärhananyň gowy işläp bilijilik ukybyny we durnuklylygyny berjaý edip biljek esasy zat – onuň maliýe ýagdaýynyň durnuklylygydyr. Şol kärhananyň durnukly maliýe ýagdaýy bolanda, onuň elmydama tölege ukyplylygyna güwä geçilýär. Şeýlelikde, kärhananyň maliýe ýagdaýynyň durnuklylygyna:

– kärhananyň haryt, hyzmat bazaryndaky orny;
– arzan hem-de bildirilýän talaplara laýyk gelýän önümleri öndürmek;
– işewür aragatnaşyk derejesi;
– daşarky algydarlara we maýadarlara baglylyk derejesi;
– tölege ukyply bergidarlaryň barlygy;
– maliýe we hojalyk işleriniň netijeliligi;
– önümçilik hem-de maliýe işlerine hünärmen taýýarlygynyň derejesi, olaryň içki we daşky gurşawdaky üýtgeşmeleri hemişe hasaba almak hem-de baha bermek başarnyklarynyň bolmagy täsir edýär.

Dürli sebäpleriň täsirine baglylykda kärhananyň maliýe ýagdaýynyň durnuklylygyny şu aşakdaky görnüşlere bölmek bolýar:

1. Içki durnuklylyk – bu kärhananyň umumy maliýe ýagdaýy bolup, elmydama ýokary netijeli iş durnukly ýagdaýda ýerine ýetirilýär. Şeýle durnuklylygy üpjün etmek üçin kärhananyň daşarky we içerki üýtgemeleri öz wagtynda duýup bilmegi zerurdyr.

2. Umumy durnuklylyk – bu pul akymlarynyň hereketi bilen bagly bolup, elmydama girdejileriň çykdajylardan köp bolmagyny üpjün etmegidir.

3. Maliýe durnuklylygy – bu girdejiniň çykdajydan artykmaçlygyny häsiýetlendirip, pul serişdeleriniň erkin hereket etmegine, önümçilik işini üznüksiz alyp barmaga hem-de öndürilen önümleri ýerlemek bilen düşewüntli işlemekden we beýleki döreýän mümkinçilikleriň jeminden ybaratdyr.

Maliýe durnuklylygy ähli önümçilik-hojalyk işleriniň netijesinde döreýär. Ol kärhananyň umumy durnuklylygynyň esasy bölegidir.

Jumamuhammet Annamuhammedov, Amanmyrat Ashyrov
(Turkmenistan)

SYSTEM OF MEASURES AIMED AT STRENGTHEN FINANCIAL STABILITY OF THE ENTERPRISE

Determining the limits of financial stability of enterprises is one of the most important economic issues in market relations, because insufficient financial stability can lead to a lack of funds for development of production and solvency in the enterprise.

The formation of internal reserves is one of the main and most decisive ways of strengthening the financial position of the enterprise. As a result, it consists of increasing the production income, working without debt using the production capacity, improving the product quality and making it competitive, rational use of material and labour resources, reducing their cost, and reducing production costs and losses.

Normative indicators are also used to assess the financial stability of the enterprise. The main factor that can ensure the good performance and stability of the enterprise is a stability of its financial state. When a company has a stable financial position, it is always proven to be solvent.

Financial stability results from all industrial and economic activities. It is a key part of the overall stability of the enterprise.

Джумамухаммет Аннамухаммедов, Аманмырат Аширов
(Туркменистан)

СИСТЕМА МЕР ПО УКРЕПЛЕНИЮ ФИНАНСОВОЙ УСТОЙЧИВОСТИ ПРЕДПРИЯТИЯ

Определение пределов финансовой устойчивости предприятий является одной из важнейших экономических проблем в рыночных отношениях, поскольку недостаточная финансовая устойчивость может привести к недостатку средств для развития производства и платёжеспособности предприятия.

Одним из основных и наиболее действенных способов укрепления финансового положения предприятия является формирование внутренних резервов. Это в свою очередь позволяет увеличить производственные доходы, работать без долгов с использованием производственных мощностей, повысить качество продукции и её конкурентоспособность, рационально использовать материальные и трудовые ресурсы, снизить их себестоимость, минимизировать производственные издержки и потери.

Нормативные показатели также используются для оценки финансовой устойчивости предприятия. Главное, что может обеспечить надлежащее и стабильное функционирование предприятия – это устойчивость его финансового положения. Когда предприятие имеет устойчивое финансовое положение, оно всегда платёжеспособно.

Финансовая устойчивость является результатом любой производственно-хозяйственной деятельности, так как является ключевым фактором устойчивости предприятия в целом.

Merjen Amanowa, Aýnur Tuwakowa
(Türkmenistan)

YKDYSADY ÖSÜŞ ŞERTLERINDE GAZNA BIRŽASYNYŇ IŞINI GURAMAGYŇ ÄHMIÝETI

Türkmenistanda maliýe edaralarynyň işini kämilleşdirmek, maliýe usullarynyň görnüşlerini giňeltmegiň hasabyna ykdysadyýetiň pudaklarynda maliýe serişdelerini amatly paýlamak, şeýle hem durnukly esasda uzakmöhletli maýagoýumlaryny çekmek maksady bilen, gymmatly kagyzlar bazarynyň düzümi hökmünde çykyş edýän gazna biržasyny ösdürmek boýunça giň gerimli işler amala aşyrylýar.

“Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynyň”

esasy wezipeleriniň biri hem bazar ykdysadyýetine tapgyrlaýyn geçmek maksady bilen, paýdarlar jemgyýetlerini döretmekden, gymmatly kagyzlar bazaryny, gazna biržasynyň işini kämilleşdirmek babatynda anyk çäreleri geçirmekden ybaratdyr.

Gazna biržasynyň guramaçylyk-ykdysady mehanizmini gurmak, şu institutyň esasy meselelerini we onuň netijeli işlemegi üçin mümkinçiliklerini ýüze çykarmak, amatly çözgütleri tapmak, birža işi babatynda tehniki we tehnologik syýasat boýunça teklipleri hödürlemek ýeterlikli derejede derwaýys meselä öwrülýär.

Gazna biržasy gymmatly kagyzlaryň satyn alynýan-satylýan belli bir ýeri we bellenen wagty bolan, däp bolup gelýän hem-de hemişe hereket edýän bazarydyr.

Ýurduň ykdysadyýetiniň düzüminde gazna biržasynyň peýda bolmagynyň esasy sebäpleri şular bolup durýar:

1. Maýa goýumlaryny çekmek zerurlygy.
2. Döwletiň içerki bergisine hyzmat etmek.
3. Haryt-pul gatnaşyklaryny çuňlaşdyrmak.
4. Eýeçiligi gaýtadan paýlamak.
5. Dolanyşygyň giňelýän ulgamynda maýanyň hereketi.
6. Önümçiligiň, gaýtadan paýlamagyň, alyş-çalşyň we sarp etmegiň barşynda gatnaşyklary kämilleşdirmek.

Maksatnamalarda bellenen wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmek, ýurdumyzyň gymmatly kagyzlar bazaryny ösdürmek hem-de maliýe ulgamyny kämilleşdirmek maksady bilen, Türkmenistanda “Aşgabat gazna biržasy” 2016-njy ýylda, hojalygy ýöretmekde özbaşdaklyk, öz-özüni maliýeleşdirmeklik ýörelgeleriniň esasynda hereket edýän ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti döredildi.

“Aşgabat gazna biržasy” ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti ýurdumyzda hususy we şahsy taraplaryň gymmatly kagyzlar bazaryna bolan isleglerini kanagatlandyrmak maksady bilen döredildi.

Gazna biržanyň işiniň esasy maksady:

– döwletiň gymmatly kagyzlar bazary syýasatyny durmuşa geçirmekden ösdürmekden;

– gymmatly kagyzlaryň kadaly dolanyşygy üçin zerur şertleri döretmekden;

– gymmatly kagyzlaryň nyrhlaryny bahalandyrmakdan;

– gymmatly kagyzlaryň bazaryna gatnaşyjylaryň hünär işiniň ýokary derejesini saklamakdan;

– gymmatly kagyzlar gorlaryny emele getirmekden we ýerleşdirmekden;

– geçirilýän birža söwdalaryna gatnaşjak birža wekillerine bildirilýän kwalifikasion talaplary kesgitlemekden;

– gazna biržasynyň söwdasyny geçirmegiň düzgünlerini kesgitlemekden ybaratdyr.

Şeýlelikde, ýurduň ykdysady gurluşynda gazna biržasy bazar ykdysady gatnaşyklarynyň zerur instituty bolup durýar. Ýurdumyzyň sanly ykdysadyýete

geçýän tapgyrynda gazna biržasynyň işiniň netijeliligini gazanmak zerurlygy ýüze çykýar. Bu maksatlara ýetmek üçin gazna biržasy gazna bazarynyň gurluş emele getirýän merkezi bolmalydyr, birža işlerini guraýjy we hojalyk subýekti bolup durmalydyr.

Merjen Amanova, Aynur Tuvakova
(Turkmenistan)

IMPORTANCE OF ACTIVITY OF STOCK EXCHANGE IN THE CONDITIONS OF THE ECONOMIC DEVELOPMENT

As a result of changes in economy including in financial sector, a requirement in a society for stock exchanges as the special institute promoting transformation, of savings (accumulation) in to investments and providing development of effective areas in business.

The stock exchange in the structure of the economy of Turkmenistan is a necessary institution of market economic relations. One of the main purposes of the stock exchange is to ensure the free redistribution of funds between industries and areas of market activity. In recent years, Turkmenistan has taken a number of practical steps in this direction, which will in the near future expand the range of financing sources, as well as contribute to the further prosperity of the country's financial institutions.

Мерджен Аманова, Айнур Тувакова
(Туркменистан)

ЗНАЧЕНИЕ ДЕЯТЕЛЬНОСТИ ФОНДОВОЙ БИРЖИ В УСЛОВИЯХ ЭКОНОМИЧЕСКОГО РАЗВИТИЯ

В результате изменений в экономике, в том числе и в финансовой сфере, в обществе появилась потребность в фондовых биржах как особом институте, способствующем трансформации сбережений (накоплений) в инвестиции и обеспечивающем развитие эффективных направлений в бизнесе.

Фондовая биржа в структуре экономики Туркменистана является необходимым институтом рыночных экономических отношений. Одним из основных назначений фондовой биржи является обеспечение свободного перераспределения денежных средств между отраслями и сферами рыночной деятельности. За последние годы в Туркменистане предприняты ряд практических шагов в этом направлении, способствующие расширению круга источников финансирования, а также дальнейшему процветанию финансовых институтов страны.

Maral Öwezowa, Ýazmyrat Ballaýew
(Türkmenistan)

DOLANDYRYŞYŇ HILINI ÝOKARLANDYRMAKDA SANLY YKDYSADYÝETIŇ ORNY

Hormatly Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Prezidentimiziň pähim-parasatly tagallalary netijesinde milli ykdysadyýetimizi diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmek, ýurdumyzda elektron senagatyny döretmek, ylmyň we tehnikanyň iň soňky gazananlaryna daýanýan döwrebap maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalaryna esaslanýan ösen ykdysadyýeti kemala getirmek, innowasion, bäseşlige ukyply sanly ykdysadyýeti ösdürmek boýunça netijeli işler amala aşyrylýar. Munuň şeýledigine "Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasynyň" kabul edilmegi hem doly şaýatlyk edýär.

Ýakyn ýyllarda dünýä ykdysadyýetiniň senagatlaşmak tapgyrynyň ornuny ykdysadyýeti sanlylaşdyrmak döwrüniň eýeleýändigini dünýä ykdysadyýetiniň ösüş meýilleri aýdyňlygy bilen görkezýär. Dolandyryş çözgütlerini işläp taýýarlamak we kabul etmek üçin talap edilýän maglumatyň göwrümleri degişlilikde has ýokarlanýar. Önümleri we hyzmatlary amala aşyrýan önümçilikleri dolandyrmagyň düzümi döwrebaplaşdyrylýar. Ilatyň we işewürligiň döwlet edaralary bilen özara gatnaşyk ulgamynda üýtgetmeler bolup geçýär.

Sanly ykdysadyýet barada gürrüň edilende, onda maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalaryna (ýa-da intellektual tehnologiýalara) öňdebaryjy orun degişlidir. "Sanlylaşdyrmak" düşünjesiniň özi harytlaryň we hyzmatlaryň önümçiliginiň dolandyrylyşyny häzirki zaman intellektual tehnologiýalaryndan peýdalanmak arkaly kämilleşdirmegiň täze tapgyryny göz öňünde tutýar. Ykdysadyýetiň sanly ulgama geçmeginiň binýatlyk sebäbi döwlet dolandyryşyny, maliýäni, lomaý we bölek söwdany jemagat şahsy hem-de durmuş hyzmatlaryny öz içine alýan gurşawyň ösmegi bilen bagly bolup durýar.

Sanly ykdysadyýetde telekeçilik işi we öz-özüňi iş bilen üpjün etmek üçin täze mümkinçilikler giň gerime eýe bolýar. Köp ýagdaýlarda maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň ösmegi üçin goýlan maýagoýumlardan peýda almak başardýar. Mysal hökmünde: ykdysady ösüş görnüşinde täze iş orunlaryny döretmekde, ilat we işewürlik üçin hyzmatyň täze görnüşleriniň ýüze çykmagynda, döwleti dolandyrmak üçin çykdajylary elektron hökümet taslamasynyň çäklerinde azaltmak görnüşinde. Umuman aýdylanda, sanly ykdysadyýetiň ykdysady ösüşe edýän täsiriniň uly mümkinçilige eýedigini bellemek wajypdyr. Internetiň üsti bilen emele gelen önümleriň bazarlary, zähmetiň we hyzmatyň ugurlary, şeýle hem döwlet edaralarynyň işlemeginiň ýörelgeleri güýçlendirilýär.

XX asyryň soňky onýyllygynda peýda bolan we häzirki döwürde köp ýurtlaryň ykdysady strategiýalarynyň möhüm düzüm bölegi bolup durýan sanly ykdysadyýet durmuşyň köp taraplaryna öz oňyn täsirini ýetirýär. Häzirki döwürde, dünýä derejesinde ykdysadyýeti sanlylaşdyrmak boýunça döwlet maksatnamalarynyň amala aşyrylmagy ýurduň bäsdeşlige ukyplylygyny üpjün etmekde netijeli ugur bolup durýar. Sanly maglumatlara daýanýan ykdysadyýetiň bu görnüşiniň köp döwletler üçin özüne çekiji bolmagy, ilkinji nobatda, onuň durmuş-ykdysady ösüşi üpjün etmekde döredýän köp amatlylyklary bilen baglanyşyklydyr. Şunda sanly ösüşiň ileri tutulýan ugurlaryny her döwletiň özüniň kesgitleýändigi aýratyn bellärliklidir. Dünýä bileleşigi tarapyndan durmuş ösüşli ýurt hökmünde ykrar edilýän Türkmenistanda hem sanly gurşawy döretmek boýunça uly tagallalar edilip, sanly ykdysadyýetiň milli ulgamynyň durmuşa gönükdirilmegini gazanmak, ilatyň ähli gatlaklarynyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň ýokarlanmagy üçin täze mümkinçilikleri döretmek wezipesinden ugur alýar.

"Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy" ýurdumyzyň önümçilik pudaklarynda we hyzmatlar bazarynda sanly ulgamyň giňden ornaşdyrylmagy üçin täze mümkinçilikleri açdy. Şu döwürde durmuşa geçirilmegi göz öňünde tutulýan sanly strategiýa ykdysadyýetimiziň pudaklarynyň tehnologiýa taýdan döwrebaplaşdyrylmagyna goşmaça itergi bermek bilen, depginli ykdysady ösüşimiziň möhüm görkezijisi bolan zähmet öndürijiliginiň orta we uzakmöhletleýin döwürde ýokarlanmagy üçin amatly şertleri döredýär. Bu çäreleriň üstünlikli durmuşa geçirilmegi ykdysady kuwwatymyzyň artmagyna, netijede, ilatyň maddy-hal ýagdaýyny gowulandyrmaga, ýaşaýyş-durmuş derejesini has ýokarlandyrmaga gönükdirilen güýçli durmuş syýasatynyň amala aşyrylmagyna ýardam berýär.

Maral Ovezova, Yazmyrat Ballayev
(Turkmenistan)

ROLE OF THE DIGITAL ECONOMY IN IMPROVING THE QUALITY OF THE MANAGEMENT PROCESS

When it comes to the digital economy, information and communication technologies (or smart technologies) come to the fore. The very concept of "digitalization" implies a new stage in improving the goods and services production management using modern intelligent technologies. The fundamental reason for the transition of the economy to a digital system is related to the development of the environment, including public administration, finance, wholesale and retail trade, utilities and social services.

Марал Овезова, Язмырат Баллаев
(Туркменистан)

РОЛЬ ЦИФРОВОЙ ЭКОНОМИКИ В ПОВЫШЕНИИ КАЧЕСТВА ПРОЦЕССА УПРАВЛЕНИЯ

Когда речь заходит о цифровой экономике на первый план выходят информационно-коммуникационные технологии (или интеллектуальные технологии). Сама концепция “цифровизации” предполагает новый этап совершенствования управления производством товаров и услуг за счет использования современных интеллектуальных технологий. Коренная причина перехода экономики к цифровой системе связана с развитием среды, включающей государственное управление, финансы, оптовую и розничную торговлю, коммунальные и социальные услуги.

Aýjemal Aklyýewa
(Türkmenistan)

SANLY YKDYSADYÝET – DURNUKLY ÖSÜŞIŇ KEPILI

Sanly ykdysadyýete geçmek halk hojalygynyň ähli pudaklaryny ösdürmegiň, döwrebaplaşdyrmagyň we gazanylýan netijeleri has-da ýokarlandyrmagyň möhüm şerti bolup durýar. Ösýän jemgyýetimizde ýurdumyzyň milli ykdysadyýetinde tutuş hojalyk toplumyny sanly ulgama geçirmek boýunça giň gerimli işler alnyp barylýar. Döwlet tarapyndan zerur kanunlaryň kabul edilmegi we degişli kanunlara özgertmeleriň girizilmegi, şonuň esasynda uzakmöhletleýin maksatnamalaryň durmuşa geçirilmegi, iri maýagoýumlaryň özleşdirilmegi ykdysadyýetimizi sanlylaşdyrmagyň üstünlikli amala aşyrylmagyna itergi berýär. Häzirki wagtda döwletimiziň durnukly ösüşini üpjün etmek ugrunda giň gerimli işler amala aşyrylýar we ykdysady ösüşi çaltlandyrmaga gönükdirilen täze wezipeler öňe sürülýär. Olar maýagoýum işlerini höweslendirmäge, innowasion gurluşyk önümlerini döretmäge, dünýä ülňülerine laýyk gelýän tehnologiýalary peýdalanmaga we milli önümçiligi giňeltmäge hem-de kämilleşdirmäge ýardam edýär. Şunda sanly ykdysadyýete möhüm orun degişlidir.

Döwletimiziň kanunçylygynda we milli ykdysadyýetimiziň pudaklaryny sanlylaşdyrmakda zerur esaslar “Innowasiýa işi hakynda”, “Ylmy tehnologiýa parklary hakynda”, “Döwlet ylmy tehniki syýasaty hakynda” Kanunlar kabul edildi. Bu kanunlar innowasion ykdysadyýetiň kanunçylyk esaslaryny berkitmekde hukuk gatnaşyklaryny kämilleşdirýär.

“Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda” sanly ykdysadyýetiň durnukly ösüşini gazanmak, ýurdumyzyň senagatyny innowasion derejede ösdürmek, jemi içerki önümiň düzüminde maglumat aragatnaşyk tehnologiýalary ulgamynyň ösüş derejesini ýokarlandyrmak, innowasion öňdebaryjy tehnologiýaly, bäsdeşlige ukyply sanly ykdysadyýeti ýokarlandyrmak ýolunda anyk wezipeler kesgitlenildi.

Ata Watanymyzy geljek 30 ýylda ösdürmek meselelerine garalyp, “Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy” kabul edildi. Bu maksatnama Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halk hojalygyny diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmegiň anyk ugurlaryny we täze wezipeleriň ençemesini öz içine alýar. Ýurdumyzda geljek 30 ýylda ýurduň ykdysady howpsuzlygyny üpjün etmegiň esasy maksatlarynda häzirki zaman tehnologiýalaryny önümçilige ornaşdyrmagy höweslendirmäge hem aýratyn orun degişlidir. Dünýä ülňülerine laýyk gelýän täze tehniki-tehnologiýalary önümçilige ornaşdyrmak öndürilýän önümiň hilini has-da ýokarlandyrmaga, eksport mümkinçiliginiň artmagyna, ykdysady ösüşiň derejesiniň ýokarlanmagyna, onuň netijesinde hem ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň ýagdaýynyň hasda gowulanmagyna getirer.

Milli maksatnamanyň durmuşa geçirilmegi ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň geljekki diwersifikasiýalaşdyrylmagyna we ykdysadyýetiň innowasion industrial esasda durnukly ösüşiniň saklanmagyna, şeýle hem ýurduň tehnologik üpjünçiliginiň ýokarlanmagyna ýardam berer.

Sanly ulgamy durmuşa ornaşdyrmak bilen baglanyşykly wezipeleriň kesgitlenilmegi we durmuşa geçirilmegi halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has hem ýokarlandyrar.

Ayjemal Aklyyeva
(Turkmenistan)

THE DIGITAL ECONOMY IS A GUARANTEE OF SUSTAINABLE GROWTH

The implementation of the digital economy in Turkmenistan is being carried out on the basis of the Concept covering the period until 2025. This Concept is implemented in coordination with the established state programs and plans. Digital transformation is critical to addressing sustainable development priorities.

The digital technology market is growing all over the world. It can be seen that the successful development of the future of business is necessary. The importance of innovative technologies in changing the ways of work, education and leisure in our daily life is great.

Айджемал Аклыева
(Туркменистан)

ЦИФРОВАЯ ЭКОНОМИКА – ГАРАНТИЯ УСТОЙЧИВОГО РОСТА

Реализация цифровой экономики в Туркменистане осуществляется на основе реализации Концепции, охватывающей период до 2025 года. Настоящая Концепция реализуется в координации с установленными государственными программами и планами. Цифровая трансформация имеет решающее значение для решения приоритетов устойчивого развития.

Рынок цифровых технологии растет во всем мире. Значение инновационных технологий в изменении способов работы, образования и отдыха в нашей повседневной жизни велико.

Maral Akmyradowa, Bäşimnazar Hydyrow
(Türkmenistan)

ATÇYLYK PUDAGYNY YKDYSADY TAÝDAN ÖSDÜRMEGIŇ ÄHMIÝETI

Dünýä ykdysadyýetiniň barha globallaşýan häzirki şertlerinde, islendik pudagymyzda bolşy ýaly, atçylyk hojalyklarymyzyň hem köpugurly hereket etmegini gazanmak onuň halkara bäsdeşlige ukyplylygyny gazanmagymyzy aňladýar. Şu nukdaýnazardan ýurdumyzyň atçylyk pudagyny diwersifikasiýalaşdyrmak üçin şu aşakdaky ugurlara ünsi güýçlendirmek ähmiýetli bolar:

1. Atçylykda ippoterapiýany ýola goýmak boýunça degişli işleri durmuşa geçirmeli.
2. Atyň süýdüni (gymzy) peýdalanyp, ýurdumyzyň farmasewtika senagatyna degişli kärhanalarynda guragyra garşy derman serişdelerini (syworotka – çüýrän süýtden ýa-da uýan gandan ýasalýan önümler) almagy ýola goýmaly.
3. Ýurdumyzyň öri meýdanlarynda ýylky sürüleriniň erkin gezmegini üpjün etmeli. Ýylky sürüleriniň az bolmagy atlaryň baş sanynyň az bolmagyna getirýär.
4. Pudakda hususy telekeçiligiň ösmegine aýratyn üns bermeli.
5. Daglyk, çöllük we kenar ýakalarynda ýekebara we paýtunly atly dynç alyş toplumlarynyň döredilmegini gazanmaly.
6. Aýlawlaryň ykdysady netijeliligini ýokarlandyrmakda totalizator ulgamyny giňden ulanmaly (Totalizator ulgamy – munuň özi at çapyşygynda her bir at üçin sylag goýlan pullaryň mukdaryny görkezýän mehaniki hasaplaýjy, şeýle hem

at çapyşygynda pully oýnalýan oýunlaryň pul möçberini görkezýän elektronik enjamlar. Şeýle enjamlaryň aýlawlarda giňden ornaşdyrylmagy goýulýan baýraklaryň bahasynyň ýokarlanmagyna, at çapyşyklarynyň şowhunynyň barha artmagyna, netijede, aýlawlaryň alýan girdejileriniň ösmegine mümkinçilik berer).

Ippoterapiýanyň özboluşlylygy hassanyň psihikasyna täsir etmek üçin bedene gönükdirilen aň-bilim usullarynyň sazlaşykly utgaşmasyndadyr. Terapewtiki at münmek, umuman, adam bedenine biomehaniki täsir edýär. Mysal üçin, hereket edende adamyň hereketlerine meňzeş hereketlendiriji impulslary ata münen adam kabul edýär. Köp elementlerden durýan atyň arka myşsalarynyň hereketleri, çapyksuwaryň aýak myşsalaryna we çanaklyk agzalaryna ýylylyk täsir edýär (atyň temperaturasy adamyňkydan 1,5 dereje ýokary), bu bolsa gan aýlanyşyny gowulandyrýar.

At hereket eden wagty köpugurly yrgyldama hereketi bolup geçýär. Şeýlelik bilen, ysmaz keseli bolan näsag adamda hereketsiz myşsalar işjeňleşýär. Mundan başga-da at münmek ajaýyp ukyplaryň, tutanýerliligiň ösmegine itergi berýär we hassalarda, şol sanda dürli akyl taýdan näsag hassalarda daş-töweregi sazlaşykly kabul etmegi gowulandyrýar.

Ippoterapiýa, adatça, agyr hereket bozulmalary ýüze çykan näsaglarda ulanylýar. Näsag adam atyň arkasynda eýersiz oturýar we mugallym haýallyk bilen ýöredýär.

Autsorsingiň usulyýeti bu işi amala aşyrmak boýunça ylalaşygyň şertlerinde ýüze çykýar. Autsorsýor, ýagny jogapkärçiligi öz üstüne alýan tarap, esasan, kömekçi işleri ýerine ýetirýär. Käbir halatda işewürlik işiniň agramly bölegi autsorsýoryň serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylýar.

Autsorsing işiniň esasy mazmuny hojalyk birliginiň öz alyp barýan işewürlik işiniň bir bölegini has amatly, ýokary hilli edýän beýleki bir tarapyň ygtyýaryna bermegidir. Onuň netijesinde hojalyk birligi ylmyň, tehnikanyň, tehnologiýanyň soňky gazananlaryny ele almaga, sarp edijiniň islegini ýokary derejede kanagatlandyrmaga, bazaryň talaplaryna laýyk gelmäge mümkinçilik gazanýar.

Soňky ýyllarda autsorsingiň örän güýçli tolkuny ösen döwletleriň hemme hojalyk birliklerini diýen ýaly gurşap aldy. Bäsleşikli şertlerde şereketlerde işgär, ofis sanyny azaltmak peýdanyň möçberini ýokarlandyrmak esasy meseleleriň birine öwrüldi. Has dogrusy, bu ýagdaý bäsleşikde tozman galmagyň bir ýoludyr, emma iş orunlary gysgaldylan işgäriň işini kimdir biri ýerine ýetirmelidir. Onuň üçin hususy we döwlet edaralary “daşarky üpjünçilige” ýüzlenmeli bolýarlar. Häzirki wagtda ösen ýurtlarda arassaçylyk, iýmit taýýarlamak, howpsuzlygy üpjün etmek ýaly meseleler köp ýyllardan bäri autsorsingiň predmeti hasaplanylýar.

Maral Akmyradova, Bashimnazar Hydyrov
(Turkmenistan)

THE IMPORTANCE OF ECONOMIC DEVELOPMENT OF THE EQUESTRIAN SECTOR

The uniqueness of hippotherapy lies in the harmonious combination of body-oriented and cognitive methods to influence the psyche of the patient. Therapeutic horseback riding generally has a biomechanical effect on the human body. For example, when moving, a rider receives motor impulses similar to human movements. The movements of the horse's back muscles, which are composed of many elements, have a thermal effect on the rider's leg muscles and pelvic organs (a horse's temperature is 1.5 degrees higher than that of a human), which improves blood circulation.

A multidirectional oscillatory motion occurs at about 110 per watt. Thus, inactive muscles are activated in a patient with epilepsy. In addition, horse riding promotes the development of fine motor skills, and perseverance and improves the perception of surroundings in patients, including patients with various mental disorders.

Марал Акмырадова, Башимназар Хыдыров
(Туркменистан)

ЗНАЧИМОСТЬ ЭКОНОМИЧЕСКОГО РАЗВИТИЯ СИСТЕМЫ КОНЕВОДСТВА

Уникальность иппотерапии заключается в гармоничном сочетании телесно-ориентированных и когнитивных методов воздействия на психику пациента. Лечебная верховая езда в целом оказывает биомеханическое воздействие на организм человека. Например, при движении всадник получает двигательные импульсы, аналогичные движениям человека. Движения мышц спины лошади оказывают термическое воздействие на мышцы ног и органы таза всадника (температура лошади на 1,5 градуса выше, чем у человека), что улучшает кровообращение.

Разнонаправленное колебательное движение происходит при мощности около 110 на ватт. Таким образом, у больного эпилепсией активируются малоподвижные мышцы. Кроме того, верховая езда способствует развитию мелкой моторики, усидчивости и улучшению восприятия окружающего у больных, в том числе больных с различными психическими расстройствами.

Öwezgeldi Hojageldiýew, Dinmuhammet Mamyşew
(Türkmenistan)

INNOWASIÝALARY YKDYSADYÝETE ORNAŞDYRMAK DURNUKLY ÖSÜŞLERI GAZANMAGYŇ ESASYDYR

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe "Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy" ýylynda Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda ähli ugurlarda daşary ýurt tejribesini ornaşdyrmagyň netijesinde innowasiýalaryň ösmegine, sanly bilim ulgamyna geçmäge uly üns berilýär. Ýurdumyzda innowasiýalar syýasaty esasy ugurlaryň biri hasaplanýar. Şol sanda bazar infrastrukturasyna girýän ulgamlar dünýäniň iň soňky täze tehnikalary we tehnologiýalary bilen üpjün edilýär.

Infrastruktura özgertmeleri goldamak bilen, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmäge ugur alynmagy "Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň maksatnamasynda" kesgitlenilen maksatlaryň we wezipeleriň durmuşa geçirilmegi, önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmak, maýagoýumlary oýlanyşykly peýdalanmak, şol sanda ykdysadyýetiň döwlete degişli däl pudaklaryna goldaw bermek üçin möhüm itergi berdi. Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda ýurdumyzda ylym-bilim pudagynda düýpli özgertmeler geçirilýär. Ýurdumyz öz ylymda gazanan üstünliklerini ösdürmekde we dünýä derejesine çykarmakda zerur bolan şertleriň döredilmeginde uly işleriň toplumyny amala aşyrýar.

Ösüşiň häzirki tapgyrynda, ýagny institusional özgertmeleriň çuňlaşdyrylmagyna esaslanýan täze durmuş-ykdysady modele we ykdysadyýetiň hakyky böleginiň ähli pudaklarynda, maliýe ulgamynda durmuş çygrynda sanly tehnologiýalary ornaşdyrmagyň binýadynda senagat-innowasion görnüşli ykdysadyýeti çalt depginde kemala getirmäge geçilýän döwürde statistikanyň orny aýratyn ähmiýete eýedir.

Türkmenistanda öňdebaryjy tehnologiýalary pudaklara ornaşdyrmak we milletiň geljekdäki akyl-paýhas naýbaşylary bolan ylmy işgärleri taýýarlamak meselelerine aýratyn üns berilýär. Dünýä ylmynyň iň soňky gazananlary bizde önümçilige, ylma, bilime giňden ornaşdyrylýar. Bilimiň nähili gymmatynyň bardygyna, ýurdumyzda bilimli we medeniýetli adam bolmagyň ählumumy hormata mynasyp bolmagy aňladýandygyna biz gowy düşünýäris. Şonuň üçin-de biz türkmen jemgyýetinde ýokary bilimli, paýhasly, giň gözýetimli, hakyky intellektual adamlara mynasyp garaýşy emele getirmelidiris. Düýpli we ylmy-amaly barlaglaryň netijeleriniň önümçilige ornaşmagy zerur, ylmy işläp düzmeler halka peýda getirmelidir, milletiň ruhy beýgelmelidir, sosial we ykdysady faktory bolup hyzmat etmelidir.

Intellektual maýanyň iş ýüzündäki täzelige siňmegi innowasiýalaryň kömegi bilen amala aşyrylýar, çünki innowasiýa adamlaryň öz işini bu ugur boýunça guraýyş usuly bolup durýar. "Innowasiýa" adalgasy ilkibaşda (baryp XIX asyrda) medeniýetdäki üýtgeşmeler bilen baglanyşdyrylypdyr. Şu wagta çenli onuň bu manysy etnografiýada saklanyp gelýär. "Täzelik" sözüniň medeni manysynyň bardygy, ýagny "täzelige, täze adalgalary, tertibi girizmegi" aňladýanlygy mälimdir. XX asyryň başlarynda "innowasiýa" adalgasy ykdysadyýet ylmy tarapyndan kabul edilipdir.

Barlaglaryň şu ugurlarynyň köplügi "innowatika" adyny aldy. Onuň taryhynda ol dört sany tapgyra bölünýär. *Birinji tapgyr* girizilýän täzelikleriň üstünligine ýardam edýän ýa-da päsgel berýän faktorlaryň barlag edilmegi bilen baglanyşykly bolupdyr. *Ikinji tapgyrda* barlagyň esasy öwrenýän zady, girizilýän täzelikleriň çogup çykýan garyşmasyny we maksada gönükdirilip geçirilmesini hem goşmak bilen innowasion iş bolup durýar. *Üçünji tapgyrda* barlagçylaryň üns merkezi innowasion ýagdaýlaryň dürli kysymlarynyň seljermesine, töwekgelçilige, mümkin boldugyndan, ir baha bermegiň usullaryny işläp düzmä, hökümet edaralary üçin olaryň täzelikleri girizmek babatyndaky syýasaty dogrusynda maslahatlaryň işlenilip taýýarlanylmagyna tarap süýşdi. Häzirki wagtda hem dowam edýän *dördünji tapgyrda* esasy öwrenilýän zat bazaryň çalt ösmegine aňrybaş duýgur, ýagny bazary öwrenmäge gönükdirilen, hyrydarlygyň mümkin bolan meýillerini ele salýan innowasion torlar bolup durýar.

Innowasiýa (täzelikleriň girizilmegi) – indiwidleriň we guramalaryň, sosial toparlaryň hem-de umumylyklaryň, tutuş jemgyýetiň bar bolan we täze isleglerini mümkin kanagatlandyrmak üçin bilimleri iş tejribesindäki täzeliklere siňdirmek boýunça işi guraýyş usulydyr.

Innowasiýalaryň ugur alyş bölegi – işiň maksatlary, serişdeleri we netijeleri baradaky hut täze bilimlerdir. Bilimleriň öz täzeligi we zat mazmuny boýunça dürlüleşmek innowasiýalary kysymlara bölmegiň deslapky şerti bolup durýar.

Ovezgeldi Khojageldyev, Dinmuhammet Mamyshev
(Turkmenistan)

THE INTRODUCTION OF INNOVATIONS INTO THE ECONOMY IS THE ROAD TO SUSTAINABLE DEVELOPMENT

In the Renaissance Era of a New Age of a Powerful State in the year of "The Fount of the Mind of Magtymguly Pyragy", under the leadership of Hero-Arkadag

and Arkadagly Hero Serdar, as a result of introducing the experience of foreign countries in all areas, pays great attention to the development of innovations for the implementation of a digital system. Innovative policy is one of the important areas in our country. Also, systems associated with market infrastructure are equipped with the latest technologies and modern equipment.

Овезгельды Ходжагельдыев, Динмухаммет Мамышев
(Туркменистан)

ВНЕДРЕНИЕ ИННОВАЦИЙ В ЭКОНОМИКУ – ПУТЬ К СТАБИЛЬНОМУ РАЗВИТИЮ

В эпоху Возрождения новой эпохи могущественного государства в год “Кладезь разума Махтумкули Фраги” под руководством Героя-Аркадага и Аркадаглы Героя Сердара в результате введения опыта зарубежных стран по всем направлениям в стране уделяет большое внимание разработке инноваций для внедрения цифровой системы. Инновационная политика является одним из важных направлений в нашей стране. Также системы, связанные с рыночной инфраструктурой, оснащаются новейших технологий и современной техникой.

Ogulgerek Işangulyýewa
(Türkmenistan)

DÄNE KOMBAÝNLARYNYŇ PEÝDALANYLYŞYNYŇ YKDYSADY NETIJELILIGI

Ýurdumyzy dünýäniň ösen ýurtlarynyň hataryna goşmak üçin Milli Liderimiziň dury paýhasyndan gaýnap çykýan ykdysady taglymatlaryndan, kabul edilen “Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyndan” ugur alnyp “Halkyň Arkadagly zamanasy” ýylynda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň her bir güni uly ösüşlere we belent sepgitlere eýedir.

Häzirki wagtda ykdysadyýetiň sanlaşdyrylýan şertlerinde döwletiň bäsdeşlige ukyplylygynyň önümçiligiň, ykdysadyýetiň ösüşiniň esasy faktory bolup, ahyrky netijede zähmet resurslarynyň bolup durýanlygyny göz öňünde tutmaly. Şonuň üçin hem ýurduň ösüşleri gönüden-göni hut şoňa baglydyr. Innowasion-sanly ykdysadyýete geçmek kärhanalaryň işgärlerini dolandyrmagyň çemeleşmelerini düýpli özgertmegi talap edýär.

Maşyn-traktor parky (MTP) we onuň ulanylyşynyň netijeliligini häsiýetlendirýän görkezijilere:

– ýylda, bir günde, bir çalşykda kada laýyklykda edilmeli işleriň ýerine ýetiriliş derejesi;

– tehniki taýýarlygynyň derejesi;

– tehnikalaryň peýdalanylyşy;

– iş wagtyndan peýdalanyşy;

– önümçilik hadysalarynyň mehanizasiýalaşdyryş derejesi;

– mehanizmleşdirilen işleriň 1 gektarynyň özüne düşýän gymmaty girýär

Tehnikalaryň çalşykdaky ýerine ýetirýän işleriniň möçberi traktorlaryň we oba hojalyk maşynlarynyň işçi agregatlarynyň dogry toplanyşyna, iş wagtynyň, hadysasynyň dogry guralyşyna hem-de zähmet düzgün-tertibine bagly bolýar. Çalşygyň koeffisiýentini we iki çalşykly iş düzgünini girizmek bilen, gündelik we ýyllyk iş möçberini ýokarlandyrmak hem-de ýerine ýetirilmeli işleriň möhletini gysgaltmak mümkindir, sebäbi oba hojalyk pudagynda işi diňe bir ýerine ýetirmek däl, ony öz wagtynda ýerine ýetirmek örän wajypdyr.

Tehniki taýýarlygyň koeffisiýenti işlemek üçin tehniki taýdan taýýar ähli tehnikalaryň möçberiniň olaryň umumy jemine bolan gatnaşygy esasynda kesgitlenilýär. Şol sebäpli maşynlarda we mehanizmlerde wagtal-wagtal bejergi işlerini geçirmeli, olaryň tehniki taýdan guratlygyny barlap durmaly. Şonuň üçin oba hojalyk möwsümine görä, olaryň ulanylmaýan ýa-da az ulanylýan döwründe tehnikalarda bejergi işlerini geçirmegiň iş çyzgydyny düzmelidir.

Tehnikalaryň ulanylyşynyň koeffisiýenti kesgitli döwürde ulanylýan tehnikalaryň möçberiniň olaryň umumy jemine bolan gatnaşygy esasynda kesgitlenilýär.

Iş wagtynyň ulanylyşynyň koeffisiýenti ýerine ýetirilen işiň wagtynyň dowamlylygynyň çalşyk wagtynyň dowamlylygyna bolan gatnaşygy esasynda kesgitlenilýär. Iş wagtynyň ulanylyşynyň koeffisiýenti guramaçylyk we tehniki sebäpler bilen döreýän boş durmalaryň netijesinde peselýär. Bu ýagdaý bolsa, tehnikalaryň iş öndürijiligini peseldýär.

Önümçilik hadysalarynyň mehanizmleşdirilişiniň derejesi mehanizmleş-dirilen işleriň möçberiniň jemi ýerine ýetirilen işleriň möçberine bolan gatnaşygy bilen kesgitlenilýär.

Tehnikalaryň ulanylyşynyň netijeliligini ýokarlandyrmagyň *ekstensiw* we *intensiw* ýollary bardyr.

Ekstensiw ýoly – bu maşynlaryň we mehanizmleriň iş wagtyny uzaltmak bilen, ýerine ýetirilýän işleri artdyrmakdan ybaratdyr.

Intensiw ýoly – maşynlaryň we mehanizmleriň gurluşyny kämilleşdirmekden, guramaçylyk derejesini ýokarlandyrmak tehnikalaryň öndürijiligini artdyrmakdan ybaratdyr.

Kombaýnlar belli bir işlere ýöriteleşen maşynlar bolmak bilen, onuň ulanylyşy diňe möwsümleýin häsiýetlidir. Bu ýagdaý bolsa onuň işini häsiýetlendirýän esasy görkezijileri kesgitlemegiň usulýetine öz täsirini ýetirýär, sebäbi däne kombaýnlary diňe däne hasylynyň ýygnalýan döwründe ulanylýar. Şonuň üçin kombaýnlaryň netijeliliginiň hasaplamasynda onuň ortaça ýyllyk sany däl-de, möwsüm boýunça ortaça sany göz öňünde tutulýar.

Ogulgerek Ishangulyeva
(Turkmenistan)

ECONOMIC EFFICIENCY OF GRAIN HARVESTER UTILIZATION

The volume of work carried out by technicians in a shift depends on the correct assembly of labor units of tractors and agricultural machines, the correct tool of the working time, event, and labor discipline. By introducing the turnover ratio and the two-shift work rule, it is possible to increase the daily and annual volume of work and shorten the period of work to be performed. Because in the agricultural sector, it is very important to get the job done right, and to get it done on time.

The coefficient of technical readiness is determined on the basis of the ratio of the volume of all equipment technically ready for operation to their total. For this reason, you should periodically carry out maintenance work on the magnets and mechanisms, and check their technical condition. There fore, according to the agricultural season, it is necessary to make a schedule of carrying out maintenance work on the equipment during the period of their non-use or little use.

Огулгерек Ишангулыева
(Туркменистан)

ЭКОНОМИЧЕСКАЯ ЭФФЕКТИВНОСТЬ ВНЕДРЕНИЯ ЗЕРНОУБОРОЧНЫХ КОМБАЙНОВ

Объем работ, выполняемых техниками, зависит от правильной сборки рабочих органов тракторов и сельскохозяйственных машин, правильности рабочего времени, мероприятия, порядка выполнения работ. Путем введения

сменного коэффициента и двухсменной системы работы можно увеличить суточный и годовой объемы работ и сократить сроки их выполнения.

Поэтому необходимо проводить периодическое техническое обслуживание машин и механизмов, проверять их состояние. Взависимости от сельскохозяйственного сезона необходимо составить график проведения ремонтных работ на оборудовании в период его неиспользования или использования.

Döwletmyrat Amannazarow
(Türkmenistan)

INNOWASIÝALAR SENAGAT ÖNÜMÇILIGINIŇ DÖWREBAP ÖSÜŞINIŇ KEPILIDIR

Türkmenistanyň Prezidentiniň baştutanlygynda durmuşa geçirilýän döwlet syýasatynda ýurduň bilimlere, innowasiýalara hem-de ösen jemgyýete daýanýan, ykdysady, durmuş we ekologiýa taýdan amatly tehnologiýalary özünde jemleýän ykdysadyýetiň pudaklaýyn ösüşini dowam etdirmek maksady ileri tutulýan ugurlaryň biri hökmünde ykrar edilýär. Ýurduň senagat-innowasion ösüşiniň ileri tutulýan ugurlary, maksatlary we wezipeleri “Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyndan”, “Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyndan”, “Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyndan” we “Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021–2025-nji ýyllar üçin Döwlet Maksatnamasyndan” gelip çykýar.

Şunuň bilen baglylykda, ýurduň önümçilik kuwwatlyklaryny döwrebaplaşdyrmak we dünýä bazarlarynda bäsdeşlige ukyply önümleri öndürmek meselesinde innowasiýalaryň giň gerimde ulanylmagy möhümdir. Innowasiýalar ykdysady ösüşiň, halkyň dürli-dürli we ýokary hilli harytlara hem-de hyzmatlara bolan yzygiderli ösýän isleglerini kanagatlandyrmagyň ygtybarly ýoludyr. Bu bolsa ykdysady subýektleriň ählisiniň innowasiýa işi bilen meşgullanmaklarynyň zerurdygyny görkezýär. Innowasiýa işi ykdysady subýektlere bazarda bäsdeşlik artykmaçlygyny üpjün etmek bilen, olaryň bazardaky ornuny has-da berkitmeklerine ýardam edýär.

Öňdebaryjy dünýä tejribesini seljermek bilen, tebigy serişdeleri ekstensiw, ýagny, giň gerimlerde ulanmak modeliniň ýerini innowasion modeliň eýeländigini bellemek bolar. Munuň özi, adamyň innowasion mümkinçiliklerini peýdalanmagyň

we ykdysady işde goşulan gymmatyň artmagynyň esasynda ykdysady ösüşiň depginiň artmagyny şertlendirýär. Innowasiýalara daýanýan tehnologik üýtgeşmeler ykdysadyýetiň görkezijileriniň hil taýdan üýtgemegine barha güýçli täsir etmek bilen, dünýä ykdysadyýetiniň gurluşynda düýpli özgertmeleriň bolup geçmegine getirýärler.

Dünýä ýurtlarynyň aglabasynyň milli ykdysadyýetini döwrebap ösdürmegi innowasiýalar, täzeçil tehnologiýalaryň ulanylmagy, içerki we daşarky bazarda bäsdeşlige ukyply önümleri öndürmek bilen baglanyşykly kabul edýärler. Döwletiň ösüş depgini köp halatlarda innowasiýalaryň döremegi, ýaýramagy hem-de peýdalanylmagy, şeýle hem ylmy önümçiligiň, bilim beriş we innowasiýa işiniň işjeňligi üçin amatly gurşawyň döredilmegi bilen berk baglydyr. Ýurtda, soňky ýyllarda innowasiýa işjeňligini höweslendirmäge gönükdirilen institusional gurluşy kämilleşdirmek babatynda düýpli işler durmuşa geçirilýär.

"Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda" milli ykdysadyýetiň esasy pudaklarynyň biri bolan nebiti gaýtadan işleýän pudagyň innowasion ösüşini üpjün etmek hem esasy maksatlaryň biri hökmünde kesgitlenilýär. Prezident maksatnamasyna laýyklykda, nebiti gaýtadan işleýän senagatda önümçilige gönükdirilen innowasion taslamalary durmuşa geçirmek çäresi beýan edilýär.

Şu ýerde dünýä ýurtlarynyň bu ugurda gazananlaryny seljermek bilen, ykdysadyýetiň hakyky pudaklarynyň arasynda nebiti gaýtadan işleýän senagatyň innowasiýalaryň iň köp ornaşdyrylan pudagy hökmünde ykrar edilýändigini bellemek bolar. Şunuň bilen birlikde, daşary ýurtly alymlaryň geçiren ylmy seljermelerinde, bu işiň toplumlaýyn we yzygiderli häsiýete eýe däldigi babatynda netije çykarylýar, şeýle hem pudagyň önümçilik kärhanalarynyň önümleriniň 7%-i innowasion häsiýete eýedir. Şu hem ýurdumyzda nebiti gaýtadan işleýän senagatyň innowasiýalar esasynda yzygiderli ösdürilmegini we onuň ylmy esaslarynyň has-da berkidilmeginiň zerurdygyny görkezýär.

Dovletmyrat Amannazarov
(Turkmenistan)

INNOVATION – A GUARANTEE OF THE MODERN DEVELOPMENT OF INDUSTRIAL PRODUCTION

Most countries of the world associate the modern development of their national economies with innovation, the use of path-breaking technologies, and the production of goods that are competitive in the domestic and foreign markets. The

state's development pace is often strongly linked to the emergence, dissemination and application of innovations, as well as the creation of an optimal environment for scientific production, educational and innovation activities. Under the leadership of the Esteemed President, Turkmenistan is carrying out tremendous work to improve the institutional structure aimed at encouraging innovative activity.

Довлетмырат Аманназаров
(Туркменистан)

ИННОВАЦИИ – ГАРАНТИЯ СОВРЕМЕННОГО РАЗВИТИЯ ПРОМЫШЛЕННОГО ПРОИЗВОДСТВА

Большинство стран мира связывают современное развитие своих национальных экономик с инновациями, использованием новаторских технологий, производством продукции, конкурентоспособной на внутреннем и внешнем рынках. Темпы развития государства зачастую прочно связаны с появлением, распространением и использованием инноваций, а также созданием оптимальной среды для научно-производственной, образовательной и инновационной деятельности. Под руководством Уважаемого Президента в Туркменистане проводится грандиозная работа по совершенствованию институциональной структуры, направленной на стимулирование инновационной деятельности.

Jumagylyç Mämmedow, Umbar Amandurdyýew
(Türkmenistan)

YKLYMARA ULAG-LOGISTIKA ULGAMYNDA TÜRKMENISTANYŇ ORNY

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzda BMG bilen ysnyşykly hyzmatdaşlykda halkara ähmiýetli köpugurly üstaşyr ulag hem-de logistika düzümlerini işjeňleşdirmek boýunça işler barha ýaýbaňlandyrylýar.

Geosyýasy hem-de geoykdysady taýdan amatly ýerde ýerleşýän, gadymy Beýik Ýüpek ýolunyň möhüm hereketlendirijisine öwrülýän ata Watanymyzda ulaglaryň ähli görnüşleriniň sazlaşykly hereketini amala aşyrmaga ukyply, barha kämilleşdirilýän multimodal ulag düzümi köpugurly halkara ähmiýetli ulag-üstaşyr geçelgeleriň döremegine getirdi. Ýurdumyzyň halkara ylalaşyklara goşulmagy bilen, üstaşyr ulag geçelgelerini ösdürmek, milli ulag ulgamyny netijeli peýdalanmak meselelerine aýratyn üns berilýär. Häzirki zaman keşbi kemala getirilýän, gadymy

Beýik Ýüpek ýolunyň möhüm çatrygynda ýerleşýän ýurdumyzyň demir ýollary we köprüleri hem halkara ulag-üstaşyr geçelgeleriniň örän ähmiýetli halkalary bolup, döwrüň synagyndan üstünlikli geçýär. Şu ýerde halkara ähmiýetli ulag-üstaşyr geçelgeleriniň ykdysady taýdan amatly ugurlar boýunça demir ýol ulaglarynyň synaglary barada durup geçmek ähmiýetlidir. 2016-njy ýylyň ýanwar aýynyň ahyrynda açyk meýdançaly konteýner ýükleilnen demir ýol ulag düzümi Hytaý Halk Respublikasynyň gündogaryndaky Çžeszýan welaýatynyň iri senagat merkezi bolan Lu şäherinden badalga aldy. Bu demir ýol ulag düzümi HHR-iň demirgazyk-günbataryndaky Sinzýan-Uýgur awtonom etrabyndaky Alaşankou geçiriş nokadyna çenli 5 günüň dowamynda 4 müň 491 kilometr ýoly geçdi. Soňra bu synag demir ýol ulag düzümi Gazagystan döwletiniň demir ýollary boýunça 4 gije-gündizde 3 müň 417 kilometr ýoly geçip, Türkmenistanyň serhedine ýetdi. Serhetýaka-Sarahs (1156 kilometr) aralygyny, bellenilen 2 gije-gündiziň ýerine, 28 sagatda geçen demir ýol ulag düzümi 2016-njy ýylyň fewral aýynyň 10-yna Sarahsa gelip, Eýran Yslam Respublikasynyň paýtagty Tähran şäherine geçipdi. Umumy uzynlygy 10000 kilometre golaý aralyk 2 hepdä golaý wagtda geçildi. Bu aralygy suw ýollary bilen Pars aýlagyndaky deňiz menzillerine barmak üçin 25–28 gije-gündize golaý wagtyň gerekdigi hünärmenler tarapyndan kesgitlenildi. Bu babatda Milli Liderimiz: “Bu ykdysady taýdan bähbitli ugry peýdalanmak diňe bir ýurdumyzyň üstaşyr geçirijilik mümkinçiligini amala aşyrmak bilen çäklenmän, sebit boýunça söwda gatnaşyklarynyň ýokarlanmagyna itergi berer. Bu bolsa, öz gezeginde, yklymara gatnaşyklaryň ösdürilmegi üçin zerur şertleriň döredilmeginiň başlangyjy bolup, soňky ýyllarda ýurtlaryň arasynda pese gaçýan haryt dolanyşygynyň tutuş dünýä ýüzünde rowaçlanmagyna ýardam berer” diýip, aýratyn belläp geçipdi.

2017-nji ýylyň 28-nji dekabrynda Hytaýyň günortasyndaky Hunan welaýatynyň Çança şäherinden 41 sany konteýner wagonlaryndan ybarat demiryol synag hereketli düzümi ugradyldy. Bu düzüm Çança (Hytaý) – Altynköl (Gazagystan) – Bolaşak – Serhetýaka (Türkmenistan) – Akýaýla – Inçeburun (Eýran) aralygyndaky ýoly geçip Tährana bardy. 2017-nji ýylyň 29-njy dekabrynda HHR-iň merkezi bölegindäki Inçian şäherinden, 30-njy dekabrda bolsa Hytaýyň demirgazygyndaky Şansi welaýatynyň Sian şäherinden ýene-de bir demiryol hereketli ýük düzümleriniň herekete gelendigini hem bellemek gerek. Bu synag hereketleri demir ýol hereketli düzümleriň yzygiderli ýük daşamagyny ýola goýmak üçin geçmeli ýoluň wagtlaýyn we beýleki iş häsiýetnamalaryny takyk kesgitlemäge hem-de sanlylaşdyrylan logistika esasynda ulag düzümleriniň ýol kartasyny kämilleşdirmäge ýardam berýär. Geçirilen synaglar bu hereketli ulaglar bilen geçmeli ýol wagtynyň ep-esli azalýandygyny, ýol hereketiniň ygtybarlylygyny hem-de ykdysady taýdan düşewüntlidigini aýdyň görkezdi. Bu logistiki taslamanyň işjeňleşdirilmegi

Ýewraziýa yklymynda daşary ykdysady gatnaşyklaryň berkidilmegini, üstaşyr ýük daşamalaryň artmagyny, medeni-ynsanperwer we syýahatçylyk gatnaşyklarynyň giňelmegine giň ýol açýar.

Umuman, hormatly Prezidentimiz Gahryman Arkadagymyzyň geljegi nazarlaýan belent hem-de aýdyň maksatly başlangyçlaryny üstünlikli dowam etdirip, halkara ähmiýetli köpugurly ulag ulgamynyň hem-de sazlaşykly işlemäge ukyply sebit we yklymlara ulag-üstaşyr geçelgeleriniň döredilmeginde döwrebap işleri amala aşyrýar.

Jumagylych Mammedov, Umbar Amandurdyyev
(Turkmenistan)

THE ROLE OF TURKMENISTAN IN THE TRANSPORT-LOGISTIC SYSTEM OF THE CONTINENT

Under the wise leadership of the Respected President, in close cooperation with the UN, works are being expanded to activate the internationally significant multi-profile transit transport and logistics structure. Our Neutral state has become the center of important transnational routes of the continent. It strengthens positions in the international transport and logistic system.

The speech addressed such tasks as the development of transit transport routs, the effective use of the national transport system, including the improvement of transport logistics and the use of digital systems. Based on the logistic experiment, information is provided on the convenient routs of the railways.

Ensuring the strengthening of economic relations between the continents will be development of a very important future at the international level on the ancient Great Silk Road, the increase in the pace of transit traffic, and the expansion of cultural and tourist relations.

Джумагылыч Маммедов, Умбар Амандурдыев
(Туркменистан)

РОЛЬ ТУРКМЕНИСТАНА В ТРАНСПОРТНО-ЛОГИСТИЧЕСКОЙ СИСТЕМЕ КОНТИНЕНТА

Под мудрым руководством Уважаемого Президента в тесном сотрудничестве с ООН расширяются работы по активизации значимого на международном уровне многопрофильного транзитного транспорта, а также логистических структур. Наше нейтральное государство стало центром важных транснациональных путей континента, пастоянно Укрепляет свои позиции в международной транспортно-логистической системе.

В работе были рассмотрены такие задачи как развитие транзитных транспортных путей, эффективное использование национальной транспортной системы, в том числе совершенствование транспортной логистики и использование цифровых систем. В качестве логистического эксперимента указаны сведения о целесообразных направлениях движения подвижного состава железных дорог.

Nurjahan Atalyýewa
(Türkmenistan)

EKSPORTY ÖSDÜRMEGIŇ ÖŇDEBARYJY DAŞARY ÝURT TEJRIBESI

Ýurduň eksport mümkinçiligini ösdürmek we ýokarlandyrmak köp döwletleriň durmuş-ykdysady syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hökmünde ösüş maksatnamalarynda beýan edilýär. Umuman, ykdysatçylaryň we alymlarynyň geçiren ylmy seljermeleriniň esasynda, ýurtda eksporta gönükdirilen işjeňliginiň netijeliligi, ýurduň girdejisiniň we innowasiýa işjeňliginiň derejesiniň ýokarlanmagyna oňyn täsir edýändigini bellemek mümkin. Şeýle hem, ýurduň eksport mümkinçiliginiň durnukly ösüşi ykdysady ösüşde iň möhüm faktorlarynyň biri bolup durýar.

Ýurduň eksport mümkinçiligi, diňe bir goşmaça maliýe çeşmelerini döretmek bilen çäklenmän, eýsem, onuň netijeli ulanylmagy ýurduň durnukly ykdysady ösüşini we bäsdeşlik artykmaçlyklaryny ýokarlandyrmak bilen, strategik maksatlaryny hem gazanmaga şert döredýär. Şonuň bilen birlikde, ýurduň durmuş-ykdysady ösüşiniň hil taýdan täze derejä çykmagy, onuň netijesinde bolsa, ilatyň iş üpjünçiliginiň we ýaşaýyş-durmuş derejesiniň ýokarlanmagy, barha artýan zerurlyklarynyň kanagatlandyrylmagy, tebigy baýlyklardan has netijeli peýdalanylmagy hem-de milli ykdysadyýetiň pudaklarynyň bäsdeşlige ukyplylygynyň artmagy bolup geçýär. Bu bolsa, jemi içerki önümiň ýokarlanmagyna möhüm itergi berýär.

Döwlet eksportyny diwersifikasiýalaşdyrmaga gönükdirilen syýasatynda, bäsdeşlige ukyply önümçilikleri we tehnologiýalary ösdürmekligi goldamaklygy, esasy üns bolsa, haryt bäsdeşligini gazanmak üçin, tehnologik bäsdeşlik artykmaçlyklaryny elde etmek maksady bilen, adam maýasyny ösdürmäge bermegi maksadalaýykdyr. Öňdebaryjy dünýä tejribesiniň görkezişi ýaly, “Uly 7”-e girýän döwletleriň eksport mümkinçilikleriniň ýokary bolmagynyň esasy sebäpleriniň biri bolup, olaryň çig maly eksport etmän, ylym sygymly we ýokary tehnologik önümleriň eksportyny ileri tutmaklary çykyş edýär. Ylym sygymly önümleriň 80 %-e köpräg “Uly 7”-e girýän ýurtlarda öndürilýär.

Anyk bir haryda däl-de, tehnologik ýöriteleşmäni goldamagyň ileri tutulmagy, ýurduň tehnologik alyş-çalyşda bäsdeşlige ukyplylygyny üpjün etmek bilen çäklenmän, harytdan tapawutlylykda töwekgelçiligiň derejesiniň pes bolmagyna täsir edýär. Mysal üçin, ABŞ-da suwuk kristal monitory öndürmäge uly üns berilipdi, emma Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlarynda bu harydyň bahasynyň ABŞ-da öndürilenden has amatly we hil taýdan bäsdeşlige ukyplylygy sebäpli, önümçiligiň esasy bölegi Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlaryna geçdi. Şonuň bilen birlikde, anyk bir tehnologik ugur saýlap alyp, ony ösdürmegiň maksatnamasy kabul edilende we gönükdiriljek maýa goýumlaryň möçberi kesgitlenilende, ykdysadyýeti goldamaga ukyply bolan beýleki ugurlara hem ähmiýet berilmegi maksadalaýyk hasaplanylýar. Sebäbi, bu ugurda alnyp barylýan işleriň netijeliliginiň pesligi ýüze çykarylanda, beýleki işlenilýän ugurlara ýeňillik bilen geçmek mümkinçiliginiň bolmagy möhümdir.

Milli ykdysadyýetde tehnologik pudaklar, ýurduň eksport mümkinçiliginiň daýanç nokady bolmagyny hem-de ileri tutulyp ösdürlmegini gazanmak zerurdyr. Tehnologik pudaklaryň ýurtda, ileri tutulýandygyny bolsa, aşakda getirilen çemeleşmeleriň esasynda anyklamak mümkindir:

– anyk ugra gönükdirilmegi. Şunda, bu ugurda kabul edilýän çözgütler "ösüş nokatlar" nazaryýetine esaslanmaly we milli ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak üçin "hereketlendiriji" güýç bolup hyzmat etjek esasy pudaklary kesgitlemeli we goldamaly;

– milli ykdysadyýeti diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmek we onuň önümçilik gurluşyny giňeltmek syýasatynda, aýratyn ösüş nokatlaryny däl-de, ýurduň ähli önümçilik gurluşyny üýtgetmek maksat edinilýär.

Nurjahan Atalyyeva
(Turkmenistan)

BEST FOREIGN EXPERIENCE IN EXPORT DEVELOPMENT

The country's export capacity generates additional financial resources, and the effective use there of creates conditions for achieving strategic goals by further promoting the sustainable economic development of the country and its competitive advantages. At the same time, there is a rise in the country's socio-economic development to a qualitatively higher standard, as a result of which the employment rate and living conditions are improving, the growing demands of the population are met, natural resources are used more efficiently, and the competitiveness of sectors of the national economy is increasing. This significantly promotes GDP growth.

Нурджахан Аталыева
(Туркменистан)

ПЕРЕДОВОЙ ЗАРУБЕЖНЫЙ ОПЫТ В РАЗВИТИИ ЭКСПОРТА

Экспортный потенциал страны формирует дополнительные финансовые ресурсы, а их эффективное использование создает условия для достижения стратегических целей за счет повышения устойчивого экономического развития страны и ее конкурентных преимуществ. Вместе с тем происходит выход социально-экономического развития страны на качественно новый уровень, в результате чего улучшается уровень занятости и жизни, удовлетворяются растущие потребности населения, более эффективно используются природные ресурсы, а также повышается конкурентоспособность отраслей национальной экономики. Это существенно стимулирует рост ВВП.

Ýaňyl Mämmedowa, Şirin Orazmämmedowa
(Türkmenistan)

DURMUŞ-YKDYSADY ÖSÜŞI SELJERMEGIŇ HALKARA TEJRIBESI

Durmuş-ykdysady ösüş görkezijileriň biri hem Birleşen Milletler guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň çäklerinde işlenip düzülen adam ösüşiniň indeksidir. 1990-njy ýylda ykdysatçylaryň topary tarapyndan bu indeksiň hasaplamasy işlenip taýýar edilýär. Şol ýyldan başlap hem Birleşen Milletler guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň çäklerindäki Adam ösüşiniň ýyllyk hasabatlarynda ýurtlar boýunça bu görkezijiniň netijeleri yzygiderli çap edilýär. Adam ösüşiniň indeksi ýurtlary 0-dan 1-e çenli artýan tertipde goýýar. Görkezijini hasaplamak üçin ykdysady ösüşiň üç görkezijisi ulanylýar: garaşylýan ömrüň dowamlylygy, intellektual potensialy (ýaşuly nesliň sowatlylyk derejesi we bilimiň ortaça dowamlylygy), adam başyna düşýän jemi milli girdeji. 2010-njy ýylda adam ösüşiniň indeksiniň hasaplamalaryna degişli bolan indikatorlaryň toplumyna täze görnüşler goşuldy, indeksiň özüne bolsa düýpli üýtgemeler girizildi. Käbir edebiýat çeşmelerinde adam ösüşiniň indeksi adalgasynyň ýerine, ýagny Human Development Index (HDI) gumanitar ösüşiň indeksi hem diýlip atlandyrylýar. Bu görkezijini hasaplamak üçin degişli formulalar ulanylýar. Adam ösüşiniň indeksiniň islendik görkezijisi üçin aşakdaky formulany ulanyp bolar:

$$x - indeks = \frac{x - \min(x)}{\max(x) - \min(x)} \quad (1)$$

Bu ýerde, min (x) we max (x) bahalandyrylýan ýurtlaryň arasynda x-iň minimal we maksimal möçberini görkezýär.

Durmuş-ykdysady ösüşi seljermek üçin ýurtlara, sebitlere baha berlende integral görkezijiler bilen birlikde şahsy görkezijiler hem ulanylyp bilner: adam başyna düşýän milli girdeji; aýry-aýry maddy önümleriň sarp ediliş derejesi; girdejiniň differensirlenilişiniň derejesi; ömrüň dowamlylygy; beden saglygynyň derejesi; bilimiň derejesi; ilat bagtlylygynyň derejesi. Häzirki wagtda ykdysadyýetiň esasy ugurlarynyň biri, bar bolan ykdysady resurslaryň hasabyna ýurduň, sebitleriň durmuş-ykdysady ösüşiniň netijeliligini ýokarlandyrmakdyr. Biziň günlerimizde ykdysadyýeti seljermek, onuň netijesinde ylmy-barlaglary alyp barmak bilen çaklamak esasy işleriň biri bolup durýar. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda hem durmuş-ykdysady ösüşi gazanmagyň çäklerinde ekologiýa bilen baglanyşykly şu wezipeler öz beýanyny tapýar: uglewodorod serişdeleriniň ýangyç görnüşinde eksport mümkinçiliklerini artdyrmak bilen birhatarda olaryň gaýtadan işlenilýän we ekologiýa taýdan arassa ahyrky önümleri öndürýän möçberlerini ýokarlandyrmak we onuň esasynda ýurdumyzyň eksport kuwwatyny has-da artdyrmak; ekologiýa we daşky gurşawy goramak ulgamyny kämilleşdirmek, hususy ulgamda iri kärhanalaryň döredilmeginiň hasabyna ylmyň we tehnikanyň iň täze gazananlaryny pudaklara ornaşdyrmak, serişdeleri we energiýany tygşytlaýan, ekologiýa taýdan arassa önümleri öndürýän ýokary öndürijilikli önümçilikleri döretmek; daşky gurşawy goramak, ekologiýany we tebigy baýlyklary aýawly saklamak, "ýaşyl ykdysadyýeti" ösdürmek. Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň maksatnamasynda hem ekologiýa abadançylygyny üpjün etmek we "ýaşyl ykdysadyýeti" ösdürmek maksady bilen: ýurdumyzyň tebigatyny we biologik köpdürlüligini gorap saklamak; energiýanyň gaýtadan dikeldilýän görnüşlerini öndürmegi we ulanmagy, energiýa tygşytlaýjy materiallaryň we tehnologiýalaryň peýdalanylmagyny ýola goýmak; daşky gurşawy hapalaýan maddalaryň zyňyndylaryny azaltmak; Gün we ýel elektrik stansiýasyny gurmak maksat edilip goýulýar. Şeýlelikde, ýurdumyzda ekologik talaplary öz içine alýan durmuş-ykdysady ösüşi gazanmak boýunça durmuşa geçirilýän işler, amala aşyryljak özgertmeler milli ykdysadyýetimiziň bäsdeşlige ukyplylygyny üpjün etmegiň möhüm şertine öwrülip, geljekki ösüşlerimize badalga berer.

Yanyl Mammedova, Shirin Orazmammedova
(Turkmenistan)

INTERNATIONAL EXPERIENCE OF ANALIZING SOCIO-ECONOMIC DEVELOPMENT

Socio-economic development is defined as any progressive qualitative development in the economic sphere. Today, international organizations use common integral indicators to assess the level of development of countries and regions, despite differences in values and development prospects. One such indicator is the Human Development Index developed by the United Nations Development Program.

For the analysis of socio-economic development in the assessment of countries and regions, along with integral indicators, individual indicators can be used: national income per capita; the level of consumption of individual material products; degree of income differentiation; life expectancy; level of physical health; the level of education; the happiness level of the population. Today, one of the main directions of the economy is to increase the efficiency of the socio-economic development of the country and regions using the available economic resources. Analysis of the economy, research and forecasting of their results is one of the main activities at the present time.

Яныл Маммедова, Ширин Оразмаммедова
(Туркменистан)

МЕЖДУНАРОДНЫЙ ОПЫТ АНАЛИЗА СОЦИАЛЬНО-ЭКОНОМИЧЕСКОГО РАЗВИТИЯ

Социально-экономическое развитие определяется как любое прогрессивное качественное развитие в экономической сфере. Сегодня международные организации используют единые интегральные показатели для оценки уровня развития стран и регионов, несмотря на различия в ценностях и перспективах развития. Одним из таких показателей является Индекс человеческого развития, разработанный Программой развития ООН.

Для анализа социально-экономического развития при оценке стран и регионов наряду с интегральными показателями могут использоваться индивидуальные показатели: национальный доход на душу населения; уровень потребления отдельных материальных продуктов; степень дифференциации доходов; ожидаемая продолжительность жизни; уровень физического здоровья; уровень образования; уровень удовлетворенности жизнью населения.

Одним из основных направлений экономики является повышение эффективности социально-экономического развития страны и регионов за счет имеющихся экономических ресурсов. Анализ показателей национальной экономики, проведение исследований и прогнозирование их результатов – одно из основных направлений деятельности в настоящее время.

Şirin Akynyýazowa
(Türkmenistan)

ULAGYŇ DÜRLI GÖRNÜŞLERI BILEN ÝÜKLERI DAŞAMAGYŇ NETIJELI GURALYŞY

Ýurduň ykdysady gatnaşyklaryny we içerki söwdanyň ösmegini üpjün etmek üçin, harytlaryň öz wagtynda hem-de ygtybarly eltilmegini we daşamak üçin gowşurylan harytlaryň hilini üpjün edýän ygtybarly ulag baglanyşyklaryny döretmeli. Şol nukdaýnazardan hem halkara tejribesine laýyklykda ýük daşamalary ulagyň bir ýa-da birnäçe görnüşlerinde amala aşyrylyp bilner.Ýüki ulagyň iki ýa-da ondan hem köp görnüşlerinde daşamaklaryny garyşyk daşamalara degişli edilýär. Haçan-da şeýle daşamalar iki we ondan hem köp ýurtlaryň arasynda amala aşyrylsa, olara halkara garyşyk daşamalar diýen ady berilýär. Garyşyk daşamalara zerurlyk diňe iberiş nokatlarynyň arasynda gönümel ulag aragatnaşygy ýok ýagdaýlarynda ýüze çykýar we ýükleriň bellenilmesi ýa-da garyşyk daşamalar ulagyň bir görnüşindäki daşamalarynda has peýdaly bolup durýar. Häzirki wagtda ýük daşamagyň dört görnüşi kesgitlenendir:

– multimodal daşama (iňl. Multimodal Transport);
– intermodal daşama (iňl. Intermodal Transport);
– segmentar daşama (iňl. Segmented Transport);
– kombinirlenen daşama (iňl. Combined Transport)

Ýük daşamagyň dürli görnüşlerine şeýle kesgitleme bermek bolar:

Ajaýyp zamanamyzda biz diňe bir taryhymyzy çuňňur öwrenmäge mümkinçilik tapmak bilen çäklenmän, eýsem ekerançylyk taryhymyzy hem öwrenmäge-de doly mümkinçilik döredi. Biziň ata-babalarymyzyň bu topragy jigerine deňemesiniň sebäbini taryhy maglumatlar düşündirýärler. Ol maglumatlar ak bugdaýyň ilkinji watanynyň biziň diýarymyz – Türkmenistandygyny subut edýär, çünki bäş müň ýyl mundan ozal Änewiň düzlüginde ýetişdirilen ak bugdaýyň tohumynyň tapylmagy, bize “Türkmenistan – ak bugdaýyň Watanydyr!” diýip, arkaýyn aýtmagymyza doly mümkinçilik berýär. Änew şäheri babatda Türkmen Halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz şeýle belleýär: “Paýtagtymyz Aşgabatdan 14 kilometr günorta gündogarda daş-töweregi üzümçilik bilen gurşalan orta asyr Änew şäheriniň harabaçylygy bar. Arheologiýa barlaglarynyň çaklamalaryna görä, “Änew” diýen söz taryhyň eneolit diýlip atlandyrylýan zamanynda, ýagny biziň eramyzdan ozalky V müňýyllygyň ikinji ýarymynda dörän bolmaly. Diýmek, biziň eýýamymyzdan III–II asyr ozal häzirki harabaçylyga öwrülen Änew şäheri täjirleriň ýük ýazdyryp, söwda edýän köpmilletli şäherleriň biri bolupdyr”.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň “Türkmen medeniýeti” atly kitabynda “Türkmenistan – Änew, Bagabat, Nusaý, Altyndepe, Abiwerd, Sarahs, Garagan, Täkgala, Pessejikdepe, Daşlydepe, Monjuklydepe, Şähri-Weýeňňam, Şähryslam, Oguzkent, Farawa, Maşat-Misserian, Daňdanakan, Ürgenç, Was, Şähri-Bossan, Margiana, Amul Daýahatyn, Köýtendag, Zemm, Namazgadepe, Goňurdepe ýaly bu gün dünýä ylmynyň üns merkezinde durýan, özüne müňýyllyklaryň taryhyny siňdiren ýüzlerçe medeni-taryhy gymmatlyklara baý ülke. Bu taryhy-medeni ýadygärlikleriň her haýsy türkmen halkynyň şöhratly taryhynyň henize çenli doly açylmadyk syrly sandygydyr” diýip bellemek bilen, halkymyzyň ruhy gymmatlyklaryna öwrülen çeperçilik taýdan kämil sungat eserleriniň öwrenilmegi türkmen medeniýetiniň we sungatynyň has-da gülläp ösmegine, onuň milli aýratynlyklarynyň Ýer ýüzünde giňden wagyz edilmegine uly mümkinçilik döredýär. Bu ugurda Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy

boýunça yzygiderli geçirilýän halkara ylmy forumlarynyň, ylmy maslahatlarynyň uly ähmiýetiniň bardygyny aýtmak gerek. Şeýle ähmiýetli çäreleriň birnäçesiniň gönüden-göni ýurdumyzyň we halkymyzyň geçmiş taryhyna bagyşlanyp geçirilmegi bolsa, taryhy hem miraslarymyzy dünýä jemgyýetçiligine wagyz etmekde juda ähmiýetli boldy. Şoňa görä-de, türkmen döwleti indi özüniň baý taryhy we gadymy medeni mirasy bilen dünýä halklaryna mälimdir.

Soyench Ahmedov, Suray Akyyeva
(Turkmenistan)

THE ANCIENT CITY ANEV AGE FROM THE CREATIVE SPIRIT OF OUR ERA

In the Revival of a New Era of a Powerful State, great efforts are being done to recognize the ancient monuments of our glorious history as universal human values.

In our wonderful times, we not only have the opportunity to delve into our history, but we also have the full opportunity to explore our agricultural history as well. Historical data explains why our ancestors valued this land so much. These data prove that the first homeland of white wheat is our country - Turkmenistan, because white wheat grains were found which were grown on the hills of Anau five thousand years ago, for this reason we can say easily that Turkmenistan is the homeland of white wheat.

Соенч Ахмедов, Сурай Акыева
(Туркменистан)

ДРЕВНИЙ ГОРОД АНАУ, ВОЗРОЖДАЮЩИЙСЯ ТВОРЧЕСКИМ ДУХОМ НОВОЙ ЭПОХИ

В эру Возрождения новой эпохи могущественного государства совершаются великие дела для признания исторических памятников в качестве общечеловеческих ценностей.

В славную эпоху мы не ограничиваемся изучением нашей древней истории, но у нас также созданы все условия для изучения истории земледелия. Исторические данные объясняют, почему наши предки так ценили эту землю. Эти данные доказывают, что первой родиной белой пшеницы является наша страна – Туркменистан, потому что пять тысяч лет назад на земле Анау выращивалась белая пшеница, по этой причине туркменская земля считается одним из ранних очагов культурного земледения в мире.

Oguljuma Akmämmedowa
(Türkmenistan)

BEÝIK ÝÜPEK ÝOLUNYŇ PEDAGOGIK NAZARYÝETIŇ KEMALA GELMEGINDÄKI ORNY

Milli pedagogik nazaryýetiň kemala geliş taryhy öz gözbaşyny gadymy döwürlerden, ýagny biziň eýýamymyzdan öňki müňýyllyklardan alyp gaýdyp, ähli ylmy ugurlaryň we nazaryýetleriň ýüze çykmagynyň sebäbi durmuşyň talabydyr. Pedagogik nazaryýetiň wezipesi adamlary terbiýelemegiň, okatmagyň we bilim bermegiň kanunalaýyklyklaryny öwrenmekdir we onuň esasynda pedagogik tejribäni baýlaşdyrmakdyr. Müňýyllyklaryň dowamynda dürli pedagogik ulgamlar döredilip, wagtyň geçmegi bilen, täzelenip, olaryň arasyndan iň ähmiýetlisi, adamzada zerurlary saýlanyp galdy.

Hormatly Arkadagymyz "Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi" atly kitabynda: "Ylym-bilimiň ösen merkezine öwrülen şäherlerimizde ýaşap, ylmy-döredijilik işi bilen meşgul bolan belli alym-ulamalaryň, pir-danyşmentleriň öwüt-ündewlerini almaga, olaryň huzuryna şägirtlige durmaga höwesliler suwuň akyşy deýin üznüksiz geler durar eken. Munuň üçin olar uzak ýollary söküp, ýurt aşyp gelipdirler" diýip belleýär.

Medeni-ruhy isleglerin içinde aňly-düşünjeli nesli ýetişdirmek wezipesi esasy orunlaryň birini eýeleýär. Beýik Ýüpek ýoly arkaly söwda kerwenlerine goşulyşan alymlar, dilmaçlar, dini wagyzçylar baran ýurtlarynda öz görüp-eşiden zatlaryny ile ýaýypdyrlar. Bilimiň we terbiýäniň mazmuny, esasan, maldarçylyk, ekerançylyk, gurluşyk, senetçilik, sungat, söwda bilen bagly bolupdyr.

Pedagogik pikirleriň kem-kemden baýlaşmagy halk mekdepleri we halk mugallymlary bilen, olaryň tejribesiniň täsirliligi bilen hem baglydyr. Ilatyň durmuş-ykdysady, medeni we ruhy durmuşy bilen baglylykda ýaş nesli durmuşa taýýarlamagy, oňa kesp-kär öwretmegi, tälim-terbiýe bermegi öz öňünde esasy maksat edip goýan halk mekdepleriniň we halk mugallymlarynyň bolandygy taryhdan mälimdir. Görnükli pedagog hem alym G. Pirliýewiň pikirine görä, "halk mugallymlary" diýlende, diňleýjileri özüne çekip bilen, paýhasly hem dilewar akyldar, parasatly ýaşulylar, il-günüň aladasy bilen ýaşap hem oňa sala salyp hereket eden hanlardyr serdarlar, çeper döredijilik bilen meşgullanyp, onuň inçe syrlaryny öwretmegi başaran söz hem senet ussatlary, zergärler, halyçylyk we beýleki el hünärlerine ökde zenanlar, ekerençylyk we maldarçylyk boýunça özlerini tanadan halypalar göz öňünde tutulýar.

Pedagogik pikirleriň kem-kemden ösmegine täsir eden ýagdaý IX–XII asyrlarda Gündogaryň beýik danalarynyň pedagogik garaýyşlarydyr, bize pedagogik miras hökmünde galan "Kowusnama", "Gorkut ata", "Oguznama" ýaly edepnamalardyr. Bu döwür taryhda Gündogar siwilizasiýasynyň ýokary göterilen döwri hasaplanylýar. Onuň emele gelmegi üçin durmuşyň beýleki ugurlary bilen birlikde ylmy-medeni şertler hem döräpdir. Horezmi, Faraby, Biruni, Ibn Sina hem-de Omar Haýýam, Abu Seýit Mänewi, Jelaleddin Rumy, Keý-Kowus, Ýunus Emre ýaly danalar birnäçe pedagogik garaýyşlary öňe sürüpdirler. Mysal üçin, Keý-Kowusyň "Kowusnama" eseri Gündogarda adamzat nesli üçin terbiýe mekdebi hökmünde bolan eserleriň hatarynda durýar. Eser Eýranda, Bombeýde, Yspyhanda, Kazanda, Daşkentde, Hindistanda, Türkiýede, Owganystanda, Müsürde, Gündogaryň beýleki ýurtlarynda birnäçe gezek neşir edilipdir.

Gorkut ata oguz türkmenlerini ähli ugurlar boýunça beýik edebe çagyrypdyr "Gorkut ata" şadessany öwredijilik we terbiýeçilik gymmaty bilen ýaş nesli milli ruhda terbiýelemekde bahasyna ýetip bolmajak ähmiýete eýedir. Türkmen-oguz milli terbiýe nazaryýetiniň abraýyny dünýä äşgär eden atalyk mekdepleridir. Milli bilim we terbiýe nazaryýetiniň esasy aýratynlygy-ýaşlara bilim we hünär iş ýüzünde (tejribede) amal etmek usuly bilen berlipdir.

Oguljuma Akmammedova
(Turkmenistan)

THE GREAT SILK ROAD AND DEVELOPMENT OF PEDAGOGY

The article is devoted to the study of the formation of the foundations of pedagogical thought in the countries of the Middle Ages, located along the route of the Great Silk Road. Indeed, the Great Silk Road contributed to the development of many spheres of life, including the exchange of pedagogical experience between different peoples.

The development of public life has always required the improvement of methods of pedagogical work among the younger generation. In all historical times, from ancient times to our days, the features of the development of pedagogical thought were revealed on the basis of extensive scientific and historical material, this article is not an exception.

Огулджума Акмаммедова
(Туркменистан)

ВЕЛИКИЙ ШЕЛКОВЫЙ ПУТЬ И РАЗВИТИЕ ПЕДАГОГИКИ

Статья посвящена изучению формирования основ педагогической мысли в странах средневековья, расположенных по маршруту Великого Шелкового пути. Действительно, Великий Шелковый путь способствовал развитию многих сфер жизни, в том числе послужил октивизации процессов по обмену педагогическим опытом между различными народами.

Развитие общественной жизни всегда требовало совершенствования методов педагогической работы среди подрастающего поколения. Во все исторические времена, начиная с античных времен до наших дней, проблема особенностей развития педагогической мысли раскрывалось на основе обширного научно-исторического материала, не является исключением и данная работа.

Amangül Allaberdiýewa
(Türkmenistan)

ADAMYŇ AKYLLYSY DIL ÖWRENER

Bedew batly ösüşleri özüne hemra edinip, baky bagtyýarlyk ýolundan barha öňe barýan Garaşsyz, hemişelik Bitarap Diýarymyzda durmuşyň ähli ugurlarynda bolşy ýaly, bilim-ylym ulgamynda hem dünýä nusgalyk işler amala aşyrylýar. Watansöýüji, halal, intellektual derejesi ösen, bäsleşige ukyply, daşary ýurt dillerini kämil bilýän hünärmenler bu günki-gün ýurdumyzyň bagtyýar geljeginiň kepili bolup durýar. Şu maksatdan ugur alyp, döwletimizde kabul edilýän bilim, ylym babatdaky Kanunlar, Permanlardyr kararlar, maksatnamalar, şeýle-de “Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdurmegiň Konsepsiýasy”, “Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy” hem-de “Türkmenistanda daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasy” ýaly resminamalar innowasion ösüşe ýardam etjek kämil hünärmenleri taýýarlamagyň kanuny binýadyny berkidýär.

Daşary ýurt dillerini öwrenmek ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň barha berkeýän, halkara hyzmatdaşlygynyň giň gerime eýe bolýan döwründe has-da uly ähmiýete eýe bolýar. Ol diňe birek-birek bilen düşünişmek, aragatnaşyk serişdesi bolmak hyzmatyny amal etmän, eýsem depginli ösüş gazanmagyň hem möhüm ugruna öwrülýär.

Aslynda, her bir halkyň geçmiş taryhyna, ruhy mirasyna nazar aýlasak, dilleri öwrenmegiň ähmiýeti, zerurlygy baradaky pikirlere köp gabat gelmek bolýar: Köp dil bilen, köp biler. Adamyň akyllysy dil öwrener. Bir dil bilen bir adam, iki dil bilen iki adam. Dil bilen dünýäni açar. Oguzhan Türkmenden gözbaş alyp gaýdýan şeýle paýhaslar dilleri öwrenmegiň möhümligine ýene bir gezek şaýatlyk edýär.

Sapak okuw-tejribeçilik işlerini guramagyň esasy görnüşidir. Daşary ýurt dillerini okatmak baradaky nazaryýet sapakda amala aşyrylýar. Sapak daşary ýurt dillerini öwretmegiň amaly usulydyr. Talyplar we ýaş mugallymlar umumy okuwlarda, amaly sapaklarda alan bilimlerini sapakda ulanýarlar. Olar nazaryýetiň dogrudygyny ýa-da nädogrudygyny sapakda synagdan geçirip, döredijilikli işlemäge başlaýarlar.

Ýöne mekdepde döredijilikli we üstünlikli işlemek üçin öňki geçilen bölümlerden we temalardan başga-da sapak bilen baglanyşykly ýüze çykýan ýagdaýlary (soraglary) we meseleleri çözmek zerurdyr.

Daşary ýurt dili dersi, şol sanda daşary ýurt dili sapagy edil beýleki mekdep dersleri ýaly pedagogikanyň, esasan-da didaktikanyň, psihologiýanyň kanunlaryna, düzgünlerine we açyşlaryna esaslanýar we olardan ugur alýar. Pedagogikanyň we psihologiýanyň düzgünnamalary hemme mekdep dersleri üçin deňdir. Muňa garamazdan, daşary ýurt dili sapagynyň köpsanly aýratynlyklary bardyr.

Daşary ýurt dili sapagyny dogry guramak we geçirmek üçin onuň ähli aýratynlyklaryny mugallymyň bilmegi zerurdyr. Daşary ýurt dili sapagynyň iň esasy aýratynlygy okuwçylarda başarnyklary we endikleri döretmekdir. Beýleki mekdep sapaklarynyň wezipesi bolsa okuwçylara bilim bermekdir. Daşary ýurt dili sapagynda okuwçylar geplemegi, okamagy we ýazmagy öwrenýärler. Ýöne okuwçylar daşary ýurt dili sapagynda bilim almaýarlar diýip hem aýtmak bolmaz. Daşary ýurt dilini öwrenmekde okuwçylar dil bilen baglanyşykly dürli düzgünlere esaslanýarlar, diliň fonetikasyna, leksikasyna we grammatikasyna degişli düzgünleri ýatdan öwrenýärler. Häzirki döwür talyplaryň öňünde diňe düzgünleri bilmek, bilimleri ele almak okatmagyň maksady däl-de, maksada ýetmäge taýýar bolmagyň döwrüdir.

Amangul Allaberdiyeva
(Turkmenistan)

INTELLIGENT LEARNS LANGUAGES

Independent, Permanently Neutral Turkmenistan is developing by leaps and bounds in all sectors of the national economy. A huge amount of work is being done in the education system, meeting all international standards. Patriotic youth, capable of thinking creatively and improving their command of foreign lanuages,

is a guarantee of the successful development of our country. Guided by this goal, a large number of Laws, Decrees, and Resolutions have been adopted in the system of science and education of our country. The innovative development of the country, the formation of accomplished and highly educated youth is promoted by the “Concept for the development of digital education”, “The Concept for the development of the digital economy for the period 2019–2025”, “The Concept for improving the teaching of foreign languages in Turkmenistan”.

Studying foreign languages strengthens the economic power of our country and expands international cooperation. Knowledge of languages helps mutual understanding and enrichment of peoples, and is the most important means of international communication and sustainable development.

Амангуль Аллабердыева
(Туркменистан)

УМНЫЙ ИЗУЧАЕТ ЯЗЫКИ

Независимый, постоянно нейтральный Туркменистан во всех отраслях народного хозяйства развивается семимильными шагами. В системе образования осуществляется огромная работа, отвечающая всем мировым стандартам. Патриотическая молодёжь, способная креативно мыслить, совершенствовать уровень владения иностранными языками – гарантия благополучного развития нашей страны. Руководствуясь данной целью, в системе науки и образования нашей страны принято большое количество Законов, Указов, Постановлений. Инновационному развитию страны, формированию высокообразованной молодежи способствуют “Концепция развития цифрового образования”, “Концепция развития цифровой экономики на период 2019–2025 годы”, “Концепция совершентсвования обучения иностранных языков в Туркменистане”.

Изучение иностранных языков укрепляет экономическую мощь нашей страны, расширяет международное сотрудничество. Знание языков помогает взаимопониманию и взаимообогащению народов, является важнейшим средством междунациональной коммуникации, стабильного развития.

Nagmatylla Amanlyýew, Guwanç Garaýew
(Türkmenistan)

PARFIÝANYŇ ADATY BOLMADYK ZIKGESI

Parfiýa döwleti (b.e.ö. 247 – b.e. 226 ýý.) döredilenden soň, özbaşdak zikge zerurlygy ýüze çykýar. Ilkinji monetalaryň Ärsak I (b.e.ö. 247 – 222 ýý.) we onuň ogly Ärsak II (takmynan b.e.ö. 222 – 191 ýý.) döwürlerinde zikgelenendigini aýtmak bolar. Parfiýa döwletinde ilkinji monetalaryň zikgelenip başlanmagy netijesinde esasy – adaty bolan nusga ornaşdyrylypdyr we umumydöwlet zikgesi hökmünde tetradrahmalar, drahmalar, obollar zikgelenipdir. Adatça, olaryň ýüz tarapynda hökümdaryň, arka tarapynda ýaýçynyň, grek taňrylarynyň şekilleri we beýlekiler ýerleşdirilipdir.

Parfiýanyň hökümdary Frat V-iň (b.e.ö. 2 – b.e. 4 ýý.) zikgeleden monetalarynyň arasynda adaty bolmadyk nusgadakylary hem bar.

Rim imperatory Awgust (b.e.ö. 27 – b.e. 14 ýý.) tarapyndan, asly rimli bolan "Muza" atly aýal Parfiýa hökümdary Frat IV-iň (b.e.ö. 38–2 ýý.) aýal edinmegi üçin sowgat berilýär. Muza hökümdaryň söýgüli aýaly bolýar we döwlet işlerinede öz täsirini ýetiripdir. Ol Frat IV-iň beýleki ogullaryny (Frat V başgasyny) Rim imperatoryna girew hökmünde Rime ugratdyrmagy başarypdyr. Soňra rimli aýal öz ärine garşy hem dildüwüşlik gurýar we Frat IV öldürilýär.

Frat IV-den öldürilen soň Parfiýa döwletiniň tagtyna onuň ogly Frat V geçipdir. Taryhy maglumatlarda Muzanyň öz ogly Frat V-ä durmuşa çykandygy aýdylýar. Munuň ýaly ýakyn garyndaşlaryň arasyndaky nika gatnaşygy Elam we Midiýa patyşalyklarynda, Ahemenileriň käbir welaýatlarynda hem bolupdyr. Bu gatnaşyk häkimiýeti we baýlygy gorap saklamak üçin amala aşyrylan galp nika bolmagy mümkin.

Bu döwürde zikgelenen monetalarda hem Frat V bilen Muzaň şekilleri ýerleşdirilipdir. Monetalaryň ýüz tarapynda Frat V we arka tarapynda ejesi Muzanyň şekilleri ýerleşdirilipdir. Döwlet nyşany bolan zikgelerde ikisiniňde şekilleriniň bolmagy, döwleti dolandyrmakda ikisiniňde gatnaşandygyny görkezýär. Bu görnüşde zikgelenen monetalar:

I nusga: Reýde, Ekbatanyda we Suzyda zikgelenen drahmalar.

Av. Başy sargyly (diademaly) hökümdaryň çepe seredip duran we onuň öňünde hem-de yzynda eli baş sargyly Nikanyň (Grek mifologiýasynda ýeňşiň taňrysy) şekilileri ýerleşdirilipdir.

Rv. Başy täçli Muzanyň çepe seredip duran şekili, ýazgy we zikgehananyň nyşanlary – Ekbatany – , Reý – ýerleşdirilipdir.

II nusga: Tigriň boýundaky Selewkiýede zikgelenen tetradrahmalar.

Av. Başy sargyly hökümdaryň çepe seredip duran we onuň öňünde eli baş sargyly Nikanyň şekilleri hem-de “ΒΑΣΙΛΕΩΣ ΒΑΣΙΛΕΩΝ” diýen ýazgy ýerleşdirilipdir.

Rv. Başy täçli Muzanyň saga seredip duran we onuň öňünde eli baş sargyly Nikanyň şekili, “ΘΕΑΣ ΟΥΡΑΝΙΑΣ ΜΟΥΣΗΣ ΒΑΣΙΛΙΣΣΕΣ” diýen ýazgy hem-de monetalaryň zikgelenen wagty ýerleşdirilipdir.

Nagmatylla Amanlyyev, Guvanch Garayev
(Turkmenistan)

NON-TRADITIONAL COINING OF PARTHIA

After the formation of the Parthian state (247 BC – 226 AD), the need for creation independent mint emerged. The first coins were minted during the reigns of Arsaces I (247 – 222 BC) and his son Arsaces II (c. 222 – 191 BC). As a result of the minting of the first coins in the Parthian state, the main – standard type was introduced and tetradrachms, drachmas and obols were minted as national coins. Usually on the obverse were images of the ruler; on the reverse an archer, Greek gods and some other images. Among the coins minted by the Partian ruler Phratus V (2 nd – 4 th centuries BC) there are several unusual coins, on the obverse of which the image of the Phratus V depicts, and on the reverse - his mother Muse. The presence of both images on coins with the national emblem indicates that they took an active part in the governing the state.

Нагматылла Аманлыев, Гуванч Гараев
(Туркменистан)

НЕТРАДИЦИОННЫЙ ЧЕКАН ПАРФИИ

После образования Парфянского государства (247 г. до н. э. – 226 г. н. э.) возникла необходимость в создании независимого монетного двора. Первые монеты были отчеканены во времена правления Арсака I (247–222 до н.э.) и его сына Арсака II (ок. 222–191 до н.э.). В результате чеканки первых монет в Парфянском государстве был введен основной – стандартный тип и в качестве общегосударственных монет чеканились тетрадрахмы, драхмы и оболы. Обычно на аверсе монет помещались изображения правителя, на реверсе – лучника, греческих богов и некоторые другие. Среди монет, отчеканенных парфянским правителем Фратом V (2–4 гг. до н. э.), есть несколько необычных образцов монет, на аверсе которых изображен Фрата V, а на реверсе – его мать Муза. Присутствие обоих изображений на монетах с национальным гербом указывает на то, что они принимали активное участие в управлении государством.

Maral Annagulyýewa
(Türkmenistan)

ÝAŞ NESLIŇ AHLAK TERBIÝESINIŇ ETNOPEDAGOGIK ESASLARY

Häzirki zaman jemgyýeti dürli ýaşdaky çagalaryň ruhy we ahlak terbiýesinde adatdan daşary ýiti meselä duçar bolýar. Pedagogik jemgyýet häzirki zaman çagalarynda ahlak we ruhy gymmatlyklary terbiýelemek meselesine has köp üns berýär. Dünýä inen gününden başlap, her bir çaga köp mukdardaky, dürli öwüşginli maglumatlar dünýäsine aralaşýar. Çaganyň şahsyýetini kemala getirmek boýunça hereket edip gelýän nazary garaýyşlara we amaly hereketlere täzeçe garamagyň wagty geldi. Terbiýeçilik işinde düýpgöter özgertmeleri geçirmek döwrüň talaby. Bu mesele terbiýeşynaslyk işine gatnaşyjylaryň yzygiderli, ulgamlaýyn häsiýete eýe bolan maksadalaýyk işine we ulanyljak terbiýeçilik serişdelerine baglydyr. Häzirki zaman dünýäsinde milli mentalitete esaslanýan kämil şahsyýeti terbiýelemegiň teklip edilýän ýoly – halk medeniýetine, däp-dessurlara, ruhy gymmatlyklara esaslanýan bilimiň üsti bilen ahlak gymmatlyklaryny kemala getirmekden ybaratdyr. “Oguznama”, “Gorkut ata”, “Görogly” eposlary, halk dessanlary, halk ertekileri, nakyllar, atalar sözleri ahlak gymmatlyklaryny kemala getirmegiň serişdesi bolup, olarda halkyň baý ruhy-ahlak, etnomedeni maglumatlary jemlenendir. Görnükli pedagog K.D.Uşinskiniň “ilkinji terbiýeçi – halkdyr” diýip bellemegi hem biziň öwrenýän meselämiziň zerurlygyny ýene bir ýola tassyklaýar.

Türkmen halkynyň gahrymançylykly geçmişiniň mysalynda ösüp gelýän ýaş nesli milli ruhda terbiýelemek hormatly Prezidentimiziň milli bilim ulgamynda öňe sürýän özgertmeleriniň baş maksatlarynyň biridir. Gahryman Arkadagymyz hem özüniň pedagogik garaýyşlarynda şeýle belleýär: “Akyldar-alymlarymyzyň, şahyrlarymyzyň ajaýyp eserleri, “Oguznama”, “Gorkut ata”, “Görogly” şadessanlarymyz, halk döredijilik eserlerimiz nesilleriň ruhuna ganat berip, ähli zamanlarda ynsan köňüllerini tämizläp gelipdir, häzirki zamanda bolsa bu ruhy-medeni gymmatlyklar kämil türkmen durmuşy bilen berk sazlaşýar”. Milli edebi mirasymyz öz mazmunynda baý etnopedagogik ýörelgeleri saklaýan, ynsan köňüllerini tämizläp gelýän çeşmedir.

Bilim bermek işini etnopedagogika bilen utgaşdyrmak terbiýeçileriň – pedagoglaryň esasy maksadydyr. Bu babatda etnopedagogika şeýle wezipeleri öňe sürýär:

1. Şahsyýetiň ahlak gymmatlyklaryny seljermek we kesgitlemek;
2. Ýaşlary türkmen halkynyň edebiýatynyň we medeniýetiniň ýadygärlikleri bilen tanyşdyrmak;
3. Okuw işini guramagyň tejribesini, mugallymlaryň iş tejribesini etnopedagogik nukdaýnazardan öwrenmek (taryh, edebiýat, türkmen dili, ülkäni öwreniş); Şeýle-de, etnopedagogika şu ýörelgelere daýanýar:

– milli medeniýetiň wajyp gymmatlygy hökmünde ene diline gatnaşygy terbiýelemek;

– türkmen medeniýetini hemmetaraplaýyn öwrenmek: däp-dessurlarda, halk döredijiliginde, özüňi alyp barmagyň kadalarynda we düzgünlerinde, oýunlarda we baýramçylyklarynda, halk pähiminde, şeýle-de ylymda, sungatda, edebiýatda, aýdym-sazda, şekillendiriş sungatynda beýan edilýän resmi medeniýetde.

Bu ýörelgeleriň üsti pedagogik şertler bilen ýetirilýär: halk medeniýetini bilim ulgamynyň ähli okuw meýilnamalarynda, mekdepden we synpdan daşary işleriň ähli görnüşlerinde, şol sanda, bu işi maşgalanyň, bütin sosiumyň gatnaşmagynda öwrenmek.

Etnopedagogik işiň esasy ugurlary:

1. Milli öz-özüňi aňlamaklygy kemala getirmek, halk medeniýetini, däp-dessurlary wagyz etmek;

2. Ülke taryhyny öwrenmek;

3. Sagdyn durmuş ýörelgesini kemala getirmekde milli sportuň görnüşlerine esaslanmak;

4. Terbiýeçilik işiniň täze görnüşlerini iş tejribesine ornaşdyrmak;

5. Maşgala bilen işlemek;

Etnopedagogik terbiýe milli medeniýeti özleşdirmegiň üsti bilen, dünýä medeniýetine bolan gatnaşygy kemala getirmegi maksat edinýär.

Etnopedagogikanyň, halk paýhasynyň önümi hökmündäki baş maksady, ýaş nesli geçmişiň däp-dessurlaryna, häzirki döwrüň milli nusgalaryna we geljegiň taglymyna esaslanyp terbiýelemekdir.

Maral Annagulyyeva
(Turkmenistan)

ETHNOPEDAGOGICAL FUNDAMENTALS OF MORAL EDUCATION OF THE YOUNG GENERATION

Modern society faces an unusually acute problem of the spiritual and moral education of children of all ages. The pedagogical community is trying over again to understand how to instill moral and spiritual values in modern children. Today, a child is bombarded with a huge amount of information from birth. There is a need to update theoretical views and practical actions to restore the child's personality. A radical change in educational practice is required, which is possible only with the systematic nature of thinking and actions of participants in the pedagogical process. Currently, the proposed way of educating of perfect personality, based on national mentality, consists of development of moral values through the knowledge of the spiritual treasure of folk culture, traditions and rituals of people's life.

Марал Аннагулыева
(Туркменистан)

ЭТНОПЕДАГОГИЧЕСКИЕ ОСНОВЫ НРАВСТВЕННОГО ВОСПИТАНИЯ ПОДРАСТАЮШЕГО ПОКОЛЕНИЯ

В настоящее время перед обществом необычайно остро стоит проблема духовно-нравственного воспитания детей всех возрастов. Педагогическое сообщество заново пытается понять, каким образом привить современным детям нравственно-духовные ценности. Сегодня на ребенка с самого рождения обрушивается огромный массив информации. Назрела потребность обновления теоретических взглядов и практических действий по восстановлению личности ребенка. Требуется радикальное изменение воспитательной практики, которое возможно лишь при системном характере мышления и действий участников педагогического процесса. В настоящее время предлагаемый путь воспитания высокообразованной, культурный личности основываясь на национальный менталитет, состоит из развития нравственных ценностей посредством освоения знаний духовных богатств народной культуры, традиции и обрядов своего народа.

Alym Annamyradow, Ogultäç Söýünowa
(Türkmenistan)

OBA HOJALYK PUDAGYNDA SANLY TEHNOLOGIÝALARY ORNAŞDYRMAGYŇ ORNY

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda üstünlikli alnyp barylýan öňdengörüjilikli ykdysady syýasat ýurdumyzy innowasiýa taýdan ösdürmäge, senagat kuwwatyny pugtalandyrmaga we onuň pudaklaýyn düzümini giňeltmäge gönükdirilendir. Häzirki wagtda ýurdumyzda iň täze tehnologiýalary peýdalanmagyň, ykdysadyýetiň ähli pudaklaryny sanlylaşdyrmagyň we innowasion önümçilik düzümlerini döretmegiň, halkara hyzmatdaşlygy giňeltmegiň hem-de maýa goýum işini işjeňleşdirmegiň esasynda, durnukly ösüşiň berk binýadyny kemala getirmäge niýetlenen täze ykdysady özgertmeler durmuşa geçirilýär.

Dünýäde bolşy ýaly, ýurdumyzyň oba hojalyk pudagy hem adatylygyndan innowasiýa çözgütlere we oýlap tapyşlara täze bazarlary döretmäge mümkinçilik berýän ýokary tehnologiýaly pudaga öwrülýär. Sanly intellektual çözgütler oba hojalygynda zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmaga we pudagyň durnukly ösüşini üpjün etmäge ýardam berýär.

Oba hojalyk pudagy Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň esasy pudaklarynyň biridir we ilaty iş bilen üpjün etmegiň esasy çeşmesi bolup durýar. Bu pudagyny ösdürmegiň esasy maksatlary onuň netijeli işlemegi üçin zerur şertleri döretmek, ýurduň ilatyny azyk önümleri bilen doly we durnukly üpjün etmek, gaýtadan işleýän senagatyň çig mal bilen üpjünçiligini ýokarlandyrmak, ýurduň azyk garaşsyzlygyny pugtalandyrmakdan durýar.

Oba hojalyk pudagynyň sanlylaşdyrylmagynyň esasy maksady serişdeleriň we ylmy taýdan esaslandyrylan usullaryň netijeli peýdalanylmagy bilen oba hojalyk önümleriniň hilini we bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmakdan, harajatlaryň azaldylmagyny gazanmakdan ybarat.

Sanly intellektual çözgütler oba hojalygynda zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmaga we pudagyň durnukly ösüşini üpjün etmäge ýardam berýär.

Oba hojalyk pudagynyň sanlylaşdyrylmagy:

– bäsdeşlige ukyplylygy we zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmaga;

– azyk howpsuzlygyny üpjün etmäge;

– pudaga maýa goýumlaryny çekmäge;

– töwekgelçilikleri peseltmäge;

– howanyň üýtgeşmelerine çalt uýgunlaşmaga;

– oba hojalyk ekinleriniň hasyllylygyny we maldarçylygyň netijeliligini ýokarlandyrmaga;

– meýdan işleriniň öz wagtynda meýilnamalaşdyrylmagyna şert döredýär.

Sanly intellektual tehnologiýalary döwlet dolandyryşynyň esasy ýörelgelerini:

– oba hojalyk pudagynyň subýektleri üçin maliýeleşdirişiň elýeterliligini üpjün etmek;

– bazarlaryň elýeterliligi we eksportyň ösdürilmegi;

– döwlet gözegçiliginiň netijeliligini gazanmak;

– suw we bioserişdelerini netijeli dolandyrmak ýaly ugurlaryny ösdürmegiň guraly bolup hyzmat edýär.

Türkmenistan soňky döwürde adaty usullary häzirki zaman tehnologiýasy bilen birleşdirip, oba hojalygynyň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin syýasat alyp barýar. Howanyň üýtgemeginiň täsirini azaltmak we suw serişdelerini dolandyrmak boýunça Ýewropanyň howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasy (ÝHHG) bilen taslamalar amala aşyrylýar.

Türkmenistanda oba hojalygyny sanly ulgama geçirmek, takyk oba hojalygy ulgamlaryny we öňdebaryjy oba hojalyk usullaryndan peýdalanmak, amatly iş mümkinçiliklerini döretmek, oba hojalygynda adam zähmetini azaltmak we öndürijiligi ýokarlandyrmak maksat edinilýär. Türkmenistanyň hökümeti bilen bir hatarda ýurdyň hususy pudagy hem oba hojalygynda iň täze tehnologiýalary ulanmak arkaly wagty we energiýa çeşmelerini tygşytly sarp edýär.

Pudakda toplumlaýyn çäreleriň durmuşa geçirilmegi netijesinde, 2024-nji ýylda kadaly önümçilik netijeleri gazanyldy, öndürilýän önümiň durnukly ösüşi üpjün edilip, önümçiligiň ösüş depgini 106,8 göterime deň boldy.

Gelejekde pudagy mundan beýläk hem durnukly ösdürmek üçin suw serişdeleriniň tygşytly peýdalanylmagyna berk gözegçilik etmegiň, goşmaça suw gorlaryny döretmek ugrunda işleri durmuşa geçirmegiň, suw obýektleriniň ýagdaýyny seljermegiň we olary gowulandyrmak boýunça toplumlaýyn çäreleri görmegi göz öňünde tutulýar.

Alym Annamyradov, Ogultach Soyunova
(Turkmenistan)

ROLE OF IMPLEMENTING DIGITAL TECHNOLOGIES IN THE AGRICULTURA INDUSTRY

The main goal of digitalization of the agricultural sector is to improve the quality and competitiveness of agricultural products and reduce costs through the efficient use of resources and scientifically based methods.

As a result of the implementation of comprehensive measures in 2024, in comparison with the previous year, the industry achieved positive production results, stable growth of output was ensured, and the production growth rate was 106.8 percent.

Алым Аннамырадов, Огултач Союнова
(Туркменистан)

ЗНАЧЕНИЕ ВНЕДРЕНИЯ ЦИФРОВЫХ ТЕХНОЛОГИЙ В СЕЛЬСКОХОЗЯЙСВЕННУЮ ОТРАСЛЬ

Основной целью цифровизации аграрного сектора является повышение качества и конкурентоспособности сельскохозяйственной продукции и снижение затрат за счет эффективного использования ресурсов и научно обоснованных методов.

В результате реализации комплексных мер в 2024 году по сравнению с предыдущим годом в отрасли достигнуты положительные производственные результаты, обеспечен стабильный рост выпускаемой продукции, темпы роста производства составили 106,8 процента.

Gülälek Annanepesowa, Orazgül Rahmanowa
(Türkmenistan)

GADYMY WE MÜDIMI SENETÇILIK LEKSIKASY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýadawsyz tagallalary bilen halkymyzyň gadymdan gelýän milli mirasyna, senetçiligine, hünärmentçiligine we beýleki medeni gymmatlyklaryna uly sarpa goýulýar. Munuň özi medeni gymmatlyklarymyzyň şeýle sarpalanmagynyň, ýagny "Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy" ýylynda ata-babalarymyzdan, ene-mamalarymyzdan miras galan milli medeni gymmatlyklarymyzy, şol sanda senetçiligiň dürli ugurlary, gelin-gyzlaryň el işleri bilen baglanyşykly leksikany, adalgalary dilçilik nukdaýnazardan ählitaraplaýyn öwrenmek üçin ähli zerur şertleriň döredilýändigini hem bellemek möhümdir.

Ylmy çeşmelerden belli bolşy ýaly, dilimizdäki halk hojalygynyň dürli pudaklaryna degişli leksika, adalgalar, sözdäki basymlaryň (fonetik usul), söz ýasaýjy goşulmalaryň kömegi bilen ýasalyşy (morfologik usul), dilimizde öňden ulanylýan sözleriň manylarynyň giňelmegi ýa-da daralmagy (leksika-semantik usul) hem-de özbaşdak manyly sözleriň özara utgaşyp, leksikalaşan mana eýe bolmagy (sintaktik usul) bilen bagly ösüşleri başdan geçirýändigi mälimdir. Dil biliminde söz ýasalyşyň iki görnüşi, ýagny morfologik usul hem-de sintaktik ýol bilen ýasalan sözler has özüne çekiji meseledir. Söz ýasalyşda *-çy, -çi; -çylyk, -çilik; -ly, -li; -lyk, -lik; -luk, -lük* ýaly goşulmalar has ýörgünlidir.

Dilimiziň hünärmentçilik ugruna degişli adalgalaryň söz ýasalyş ugurlaryny seljermek meselesini bir makalanyň çäginde giňişleýin beýan etmek mümkin däl. Türkmen diliniň baý sözlük gorunda hünärmentçilige, senetçilige, el işlerine degişli, ýagny, *senet, senetçi, senetçilik, ussa, ussaçylyk, keşde, keşdeli, keşdeçilik, bezeg, bezegçi, zergärçilik, donluk mata, ýüplük, tara, taraçy, taraçylyk* ýaly köpsanly sözleriň uly orun eýelemegi hem muňa şaýatlyk edýär.

Soňky onýyllyklaryň dowamynda ylmyň we tehnikanyň çalt depginler bilen ösmeginiň netijesinde, diliň sözlük gory täze sözler bilen baýlaşýar. Olaryň diliň öz içki serişdeleriniň hasabyna artmagyny gazanmak zerurdyr. Umuman, hünärmentçilik bilen baglanyşykly sözleriň funksional ösüşinde diliň içki we daşky serişdeleriniň ähmiýeti uludyr.

Gadymdan miras galan senetlerimiziň aýrylmaz bölegi bolan hünärmentçilik we el işleri bilen baglanyşykly sözleri, adalgalary dilşynaslyk nukdaýnazaryndan öwrenmek hem-de seljermek meselesi lingwistika ylmynyň örän möhüm meseleleriniň biridir.

Gulyaleck Annanepesova, Orazgul Rahmanova
(Turkmenistan)

LEXICON OF AN ANCIENT AND ETERNAL HANDICRAFT

It is important to note that in the year of "The Fount of the Mind of Magtymguly Pyragy", all the necessary conditions are created for a comprehensive study of our national and cultural values inherited from our ancestors, including various areas of art related to women's handicrafts from a linguistic point of view, as well as their lexicon and terminology.

The rich vocabulary of the Turkmen language includes many words related to craft, craftsmanship, handicrafts, such as *craft, craftsman, workmanship, master, craftsmanship, embroidery, embroidered, embroidery, decoration, decorator, jeweler's art, robe fabric, yarn, tara (special woven fabric for sewing national clothes), loom, weaver, weaving.*

Гулялек Аннанепесова, Оразгуль Рахманова
(Туркменистан)

ЛЕКСИКА ДРЕВНЕГО И ВЕЧНОГО РЕМЕСЛА

Важно отметить, что в год "Кладезь разума Махтумкули Фраги" создаются все необходимые условия для всестороннего изучения наших национально-культурных ценностей, унаследованных от наших предков, в том числе различных областей искусства связанных с женским рукоделием с точки зрения лингвистически, а так же их лексике и терминологии. Богатый словарный запас туркменского языка включает в себя множество слов, связанных с ремеслом, мастерством, рукоделием, такие как ремесло,ремесленник, ремесленничество, мастер, мастерство, вышивка, вышивание, отделка (убранство), декоратор, ювелирное дело, халатная ткань*, пряжа,* тара кетени, ткацкий станок (специальная сотканная ткань для пошива национальной одежды), ткачиха, ткачество.

Ogulşirin Annanepesowa
(Türkmenistan)

KAÝUM JUMAÝEWIŇ DÖREDIJILIGINDE AMAN KEKILOWYŇ EDEBI MIRASYNYŇ ÖWRENILIŞI

XX asryň II ýarymy türkmen edebiýaty öwreniş ylmynyň iň bir ösen döwrüne öwrüldi. Bu döwürde türkmen edebiýaty öwreniş ylmynyň teoriýa, tankyt, taryh ugurlary iň bir wajyp meselelere ýüzlendi. Durmuş hakykaty bilen çeper hakykatyň sazlaşygy, çeper eseriň konflikti, žanrlaryň döreýşi, forma bilen mazmunyň gatnaşygy, edebi gatnaşyklar, çeper eserlerde döwrüň beýany, liriki gahryman ýaly tutumly meseleler bu döwürde öz çözgüdini tapdy. Nusgawy edebiýatymyz hakyndaky ylmy işlerde özboluşly häsiýete eýe boldy. Şeýlelikde, türkmen edebiýaty öwreniş ylmy birnäçe zehinli alymlaryň bitiren işlerine esaslanyp uly derejelere ýetdi.

Alym Kaýum Jumaýewiň edebi şahsyýetleriň döredijiligine bagyşlanan kitaplarydyr işleri ylmy tarapdan aýdyňlygy, anyklygy bilen tapawutlanýar.

Alymyň "Aman Kekilow" atly kitaby Türkmenistanyň halk ýazyjysy, Magtymguly adyndaky Döwlet baýragynyň eýesi, Türkmenistanyň ylymda at gazanan işgäri, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň akademigi, filologiýa ylymlarynyň doktory Aman Kekilowyň edebi, ylmy mirasyna bagyşlanylypdyr.

Akademik A.Kekilowyň edebi döredijiligi, türkmen edebiýatyny öwreniş ylmyndaky, edebiýat nazaryýetindäki hyzmatyna ylmy esasda baha berlipdir. Alym esasy ünsi Aman Kekilowyň edebi döredijiligine gönükdiripdir hem-de deňeşdirme ýoly bilen alymyň döredijilik aýratynlygy, özboluşlylygy kesgitlenilipdir. Onda çeperçilik stili hakynda pikir ýöredilýär. A.Kekilowyň döredijiliginiň irki döwrüne degişli eserleri ylmy esasda öwrenilipdir. Ýazyjynyň "Öňe", "Soňky duşuşyk", "Watannama" ýaly poemalary, goşgy bilen ýazylan "Söýgi" romany, prozada ýazylan "Syrylan bulut" romanyna ylmy seljerme berlipdir. Aman Kekilowyň ylmy-nazary işlerine ylmy tarapdan baha berilýär.

K.Jumaýew A.Kekilowyň çagalar üçin ýazan "Çopan we patyşa", "Küýze we tilki" erteki poemalarynyň ýordumy, çeperçiligi hakynda öz pikirini aýdypdyr.

"Söýgüden" başlap, "Syrylan buluda" çenli" atly bölümde Aman Kekilowyň iri göwrümli eserleri hakynda giňişleýin ylmy seljerme geçirilipdir. Türkmen edebiýatyny öwreniji alymlaryň arasynda "Söýgi" romanyň edebi hadysa bolup edebiýata uly täzelik getirendigini buşlanlaryň (R.Rejebow, Ö.Abdyllaýew, A.Myradow, T.Durdyýew) bolandygy aýdylýar. Goşgy bilen ýazylan romanyň öz döwrüniň talabyna laýyk gelmeýän taraplaryny tankytlanlaryň hem (B.Annanurow, B.Welmyradow, Ç.Saparow) öz pikirlerini delillendirýän bärden gaýtmalaryndan

mysallar getirilipdir. K.Jumaýewiň şahsy garaýşy birinji topardakylar bilen barabar gelýär.

Edebiýaty öwreniji alym Rahman Rejebow: "Şahyryň döredijiliginiň jemgyýetçilik mazmuny näçe güýçli bolsa, onuň hususy şahsyýeti hem şonça-da belentdir" diýip, çeper edebiýatyň şygryýet žanrynyň halka, jemgyýete hyzmat etmek ukybyny şahyryň şahsyýeti bilen baglanyşyklydygyny belläpdir.

Şahsyýet öz döwrüniň, ýaşaýan jemgyýetiniň häsiýetlerini, aýratynlyklaryny alamatlandyrmaga ukyplydyr. Şahyryň lirikasy öz döwrüniň lirikasyny häsiýetlendirýän edebi hadysany döredýär. Mysal üçin, nusgawy edebiýatyň ulanan stili, edebi tärleri, bentleri hem-de çeperçilik serişdeleri şol döwrüň şahyrana hadysasydyr.

Islendik duýga täsir eden zat lirikany döredijidir. Aýdaly, gyzyl gül bolup açylyp oturan çigildemiň deňinden ýüzlerçe adam geçendir. Olaryň hemmesi çigildemiň keşbine höwesli seredendir. "Çigildem lälesin açar, köz eýlär" diýip, diňe bir şahyr wasp edip biler. Şu ýerde şahyryň şahsyýetinde jemgyýetiň taraplaryny göterýän häsiýet özüniň belentligini ýüze çykarýar. Şygyrda çigildemiň keşbi döredilýär, onuň ynsana täsir edijilik tarapy açylýar. Ynsan tebigata, durmuşa, jemgyýete gatnaşykda bolan mahaly, onuň pikir-duýgularynda nämäniň, nähili häsiýetiň ýüze çykýandygy kesgitlenilýär.

Ogulshirin Annanepesova
(Turkmenistan)

THE STUDY OF THE LITERARY HERITAGE OF AMAN KEKILOV IN CREATIVITY OF KAYUM JUMAYEV

Books and works by scientist Kayum Jumayev, devoted to the creativity of literary figures, are distinguished by their clarity and precision. His book "Aman Kekilov" was published by Ylym Publishing House in 1982. The book is dedicated to the literary and scientific heritage of Aman Kekilov, the People's Writer of Turkmenistan, winner of the Magtymguly State Prize, Honoured Worker of Science of Turkmenistan, Academician of the Academy of Sciences of Turkmenistan, Doctor of Philological Sciences.

In the book, the literary creativity of the Academician Aman Kekilov, his services in the study of the Turkmen literature and literary theory is evaluated on the scientific basis. The scientist focused on the literary creativity of Aman Kekilov. By comparison method, the creative features and originality of the scholar were determined, and the artistic style was analyzed.

This book by the scientist talks about the artistic creativity of Aman Kekilov in the early period (1928–1941). The events happened and life in that period, which are described in the poems “Öňe” (Forward) and “Soňky duşuşyk” (Last Meeting) by A. Kekilov were analyzed in the book as well.

Огулширин Аннанепесова
(Туркменистан)

ИССЛЕДОВАНИЕ ЛИТЕРАТУРНОГО НАСЛЕДИЯ АМАНА КЕКИЛОВА В ТВОРЧЕСКОЙ ДЕЯТЕЛЬНОСТИ КАЮМА ДЖУМАЕВА

Книги и труды учёного Каюма Джумаева о творчестве литераторов отличаются научной ясностью и точностью. Его книга “Аман Кекилов” была выпущена в 1982 году издательством “Ылым”. Она посвящена литературному и научному наследию известного поэта лауреата Государственной премии имени Махтумкули, заслуженного деятеля науки Туркменистана, академика Академии наук Туркменистана, доктора филологических наук Амана Кекилова.

В издании приводится научная оценка литературному творчеству академика Амана Кекилова, его заслугам в туркменском литературоведении и теории литературы. Основной акцент исследователь сделал на литературном творчестве поета. Посредством сопоставительного анализа он выявляет особенности и оригинальность творчества, его художественного стиля.

Книга рассказывает о художественном творчестве Амана Кекилова в раннего периода (1928–1941 гг.), когда им были написаны поэмы “Вперёд” и “Последняя встреча”.

Mäti Annanurow
(Türkmenistan)

YLYM JEMGYÝETIŇ KUWWATY

Adamzat jemgyýetiniň wezipeleri, obýektiw bilimleri nazary taýdan işläp ulgamlaşdyrmagy aňladýar. Taryhy ösüşiň gidişinde ylym öndüriji güýçleriniň özenini emele getirýär we jemgyýetiň sosial durmuşynda esasy oruna geçýär. XVII asyrda Angliýanyň korollyk Akademiýasy döredilýär. Şondan soň Ýewropanyň öňdebaryjy ýurtlarynda Ylymlar akademiýasynyň açylmagy bilen birlikde takyk we jemgyýetçilik ylymlary boýunça ýöriteleşdirilen institutlar hem açylyp

başlanýar. Şeýlelikde, ylmyň dürli pudaklarynyň döremegi täze bilimleriň özleşdirilmegine getirýär we netijede dünýäniň ylmy durky döredilýär. Geljekde dünýäni özgertmekde ylym, ylmy işler täze bilimleriň ýüze çykmagyna getirýär. Hut şonuň üçin hem ylym öndüriji güýç hökmünde ýüze çykýar we beýleki işleriň özgerdilmegine yzygiderli täsir edýär.

Ylym-bilim filosofiýanyň özara gatnaşyklary çylşyrymly özboluşly jemgyýetçilik aňynyň bir görnüşi bolup çykyş edýär "Ylym bilen meşgullanmak "iňňe bilen guýy gazmak" ýaly kyn işdir. Ylym ummanynyň ýollary ýeňil däldir. Şol ýollary geçmek üçin ýiti zehin, irginsiz zähmet, erk, tutanýerlilik, gujur-gaýrat we mümkinçilik gerek. Şularyň ählisiniň sizde bardygyna ynanýaryn. Siz il-günüňize, Watanyňyza söýgüňizi öz zähmetiňiziň netijesi bolan ylmy açyşlaryňyz bilen görkezmelisiňiz. Siz döwletimiziň milli ylmymyzyň ösmegi üçin edýän aladalaryna özüňiziň täze ylmy açyşlaryňyz bilen jogap bermelisiňiz" diýip, Türkmenistanyň ýaşlarynyň arasynda geçilen ylmy işleriň bäsleşigine gatnaşyjylaryna ýüzlenme çykyşynda Milli Lidierimiz Gahryman Arkadagymyz belleýär.

Paýhasa esaslanýan ylym, özüniň barlaglarynda tebigatdan daşary güýjüň bardygyna bolan ynanjyň esaslaryna garşy çykýar. Ylmyň aýry-aýry görnüşleri Şumer medeniýetinde, Müsürde, Hytaýda, Hindistanda ýüze çykýar, b.e.öň 6 asyrda gadymy Gresiýada-Falesiň, Demokritiň teoretiki sistemalary ylma degişlidir. Ylym mifiki rowaýatlaryň tankytlanmagy, ýok edilmegi, ylmyň ýüze çykmagy bilen baglanyşyklydyr. Jemgyýetde önümçiligiň we adamlaryň aňynyň ösüş netijesinde, akyl we fiziki zähmetiň bölünmegi ylym bilen yzygiderli meşgullanmaga güýçlendirýär.

17 asyrdan başlap, takmynan, her 10–15 ýyldan ylmy açyşlaryň, oýlap-tapyşlaryň sany iki esse köpelýändigi taryh görkezýär.

ÝUNESKO-nyň maglumatlaryna görä, ylmy işgärleriň sany soňky 50 ýyl (70-nji ýyllaryň) başyna çenli alymlaryň sany her ýylda 7 % köpelipdir.

2015-nji ýylda dünýä boýunça ýurtlar durnukly ösüşi gazanmak maksady bilen, jemi içerki önümleriň göterim (prosent) gatnaşyklaryny görkezmek üçin ylmy açyşlara goýberilýän çykdajylaryň köpeldilmegini özlerine maksat goýdular. Şeýlelikde, ÝUNESKO-nyň hasaplamalaryna laýyklykda, ylmy barlaglar, konstruktor-tejribeler işi 2014-nji ýyldan 2018-nji ýyllar aralygynda 19,2% ösýär. Dünýäniň ösen ýurtlary durnukly ösüş maksatnamasyna eýerip ylmy işlere, konstruktorçylyk işlerine gönükdirilýän maliýe serişdelerini artdyrmak meýilleri güýçlenýär. Bu ýagdaý bolsa ýurtda önümleriň özüne düşýän gymmatynyň peselmegine we haryt bolçulygynyň döremegine esasy şertleriniň biri bolup durýär.

Mati Ananurov
(Turkmenistan)

POWER OF THE SCIENTIFIC SOCIETY

The goals of human society are the theoretical development and systematization of objective knowledge. In the course of historical development, science has been occupying a central place in life of society. The emergence of various branches of science leads to the acquisition of new knowledge die to which the scientific world is created. Science and scientific work lead to the emergence of new knowledge, changing the future. That is why science serves as a productive force and constantly influences the transformation of other activities.

Мати Ананyров
(Туркменистан)

МОГУЩЕСТВО НАУЧНОГО ОБЩЕСТВА

Задачи человеческого общества состоят в теоретической разработке и систематизации объективных знаний. В ходе исторического развития человеческого сообщества наука занимает главное место в социальной жизни общества. Возникновение различных отраслей науки приводит к овладению новыми знаниями, в результате чего создается научный мир. Наука, научные работы приводят к появлению новых знаний, меняя будущее. Вот почему наука выступает как производительная сила и постоянно влияет на преобразование других видов человеческой деятельности.

Annajemal Annanurowa
(Türkmenistan)

TÜRKMEN WE FRANSUZ DILLERINDE IŞLIK ŞEKILLERI

Daşary ýurt dillerini öwrenmek halkymyzyň durmuşynda esasy orun eýeleýär. Dil öwrenmek öwrenijilerden her günki yzygiderli işi talap edýär. Daşary ýurt dilinde gepleşmek üçin, diňe bir onuň sözlerini bilmek ýeterli däldir. Ähli başarnyklaryň we endikleriň döremeginde hem-de kämilleşmeginde, ýagny, dogry düşünmekde, gepleşikde, okamakda we ýazmakda grammatikany bilmek zerurdyr. Daşary ýurt diliniň grammatikasy öwrenilende, üns berilmeli birnäçe meseleler bar. Her bir diliň grammatikasynyň aýratylyklary onuň içki gurluşy bilen bagly bolup durar. Mysal

üçin, fransuz dilinde sözlemde sözleriň tertibi berk saklanýar. Sorag sözlemindäki sözleriň tertibiniň üýtgemegi, onda kömekçi işlikleriň ulanylmagy, zamanlaryň ylalaşygy kadasynyň berjaý edilmegi, işligiň zaman görnüşleriniň köpdürlüligi sözleýşiň grammatiki taraplaryny häsiýetlendirýär. Söz toparlarynyň içinde kömekçi işlikleriň, öwrümleriň, artikliň bolmaklygy fransuz diliniň grammatikasyny düýpli öwrenmegi talap edýär.

Işlikler adamlaryň, haýwanlaryň, predmetleriň, zatlaryň gymyldy-hereketini ýerine ýetirýän işini, işiň ýagdaýyny aňladýan söz toparydyr. Sözleýiş diliň grammatikasy bilen bagly bolup, diňe bir dil gurluşlaryny kämil öwrenmek arkaly daşary ýurt dilinde dogry sözleýiş amala aşyrylýar, dile dogry düşünmeklik gazanylýar. Bu iş iki diliň hem sözlemleriniň gurluş aýratynlyklaryny öz içine alýar. Fransuz dilinde sözlem agzalarynyň ýerleşiş tertibi türkmen diliniňkä garanyňda tapawutly. Şonuň üçin her bir diliň grammatikasynyň esasyny düzýän işlikleri çuňlaşdyryp öwrenmek wajypdyr. Bu bolsa öz gezeginde daşary ýurt dilini özleşdirmekde ýeňillik döreder.

Türkmen we beýleki daşary ýurt dillerinde bolşy ýaly, fransuz dilindede işlikler uly ähmiýete eýedir. Işlikleri oňat özleşdirmek bilen fransuz diliniň grammatikasyny, orfografiýasyny we gepleşik tärlerini kämil derejede bilmek gürrüňdeşiň bilen düşünişmäge ýardam berýär. Türkmen dilinden tapawutlylykda fransuz dilinde işlikler üç topara, ýagny, I, II we III toparlara bölünýärler. Bu işlik toparlary özleriniň goşulmalary, ýöňkemede üýtgeýişleri bilen bir-birlerinden tapawutlanýarlar. Olardan has giň ýaýrany I topar işlikleridir, bu topara sözüň soňy **-er** goşulmasy bilen gutarýan düýp işlikler degişlidir. Mysal üçin: **étudier** (okamak, öwrenmek), écouter (diňlemek), **regarder**(seretmek) we ş.m ýaly işlikleri ýöňkemede ***–e, -es, -e, -ons, -ez, -ent*** goşulmalaryň goşulmagy bilen ýasalýarlar**.** II topar işliklerine soňy **-ir** goşulma bilen gutarýan düýp işlikler, mysal üçin: **finir** (gutarmak), **choisir** (saýlamak), réunir (ýygnamak) ýaly işlikleri ýöňkemede ***–is, -is, -it, -issons, -issez, -issent*** goşulmalaryň goşulmagy bilen ýasalýar**.** III topar işliklerine bolsa I we II toparlara degişli bolmadyk nädogry işlikler degişlidir. III topara degişli işlikleriň esasy aýratynlygy, olar ýöňkemede üýtgedilende diňe bir goşulmalary üýtgemän, eýsem işligiň düýp şekili hem üýtgeýär we olary diňe ýatda saklap öwrenmeli boýar. III topar işliklerine **lire** (okamak), **sortir** (çykmak), **avoir** (bar bolmak) we ş.m. işlikler degişli bolup olar düýp işlikleriniň soňuna ***-s, -s, -t, -ons, -ez, -ent*** goşulmalaryň goşulmagy bilen ýasalýar.

Fransuz dilinde işlikleri ýöňkemede üýtgetmek üçin elbetde, onuň zaman gatnaşygyna üns bermeli bolýar. Munuň üçin-de işlik zamanlaryna ser salmak hömanydyr.

Umuman aýdylanda, türkmen we fransuz dilleri gelip çykyşy boýunça-da, gurluşy boýunça-da dürli ulgamly diller maşgalasyna degişlidir. Türkmen dili türki

diller maşgalasynyň Oguz toparyna degişlidir. Ondan tapawutlylykda fransuz dili hindi-ýewropa diller maşgalasynyň italiý şahasynyň roman toparynyň gallo-roman toparçasyna degişlidir. Şol sebäpli hem bu iki dili degşirip deňeşdirmek käbir kynçylyklary ýüze çykarýar.

Annajemal Annanurova
(Turkmenistan)

VERB FORMS IN THE TURKMEN AND FRENCH LANGUAGES

Verbs are a part of speech that describes an action or a state of being of people, animals, objects and phenomena. In French, as well as in Turkmen and other foreign languages, verbs play a great role. Deep knowledge of French grammar, spelling and pronunciation with mastering verbs allows one to understand the interlocutor. Unlike Turkmen, verbs in French are divided into three groups: I, II and III. They change according to the ending and conjugation.

Аннаджемал Аннанурова
(Туркменистан)

ГЛАГОЛЬНЫЕ ФОРМЫ В ТУРКМЕНСКОМ И ФРАНЦУЗСКОМ ЯЗЫКАХ

Глаголы – часть речи, обозначающая действие или состояние людей, животных, предметов и явлений. Во французском языке, как и в туркменском и других иностранных языках, глаголы играют большую роль. Глубокое знание французской грамматики, орфографии и произношения с освоением глаголов позволяет понимать собеседника. В отличие от туркменского языка, глаголы во французском языке делятся на три группы: I, II и III, меняютщиеся в зависимости от окончания и спряжения.

Durdymyrat Annaýew
(Türkmenistan)

TÜRKMENISTANDA GEÇIRILEN ARHEOLOGIK BARLAGLARYŇ ESASY DÖWÜRLERI

Alymlaryň bellemegine görä, Arheologiýa ylym hökmünde ilkinji gezek XIX asyryň ahyrlarynda, XX asyryň başlarynda ýüze çykýar. Arheologiýanyň taryhynda

ilkinji gazuw-agtaryş işleri heniz arheologiýa ylmynyň ylym hökmünde ýüze çykmagyndan öň, XIX asyryň II ýarymynda başlanýar. Emma bu gazuw-agtaryş işleri arheologik barlaglary geçirmek we öwrenmek üçin däl-de, sungaty öwreniş häsiýetinde bolupdyr.

Türkmenistanyň arheologiýasynyň taryhnamasy, başgaça aýdanymyzda, Türkmenistanda arheologiýa ylmynyň döreýşi we ösüşi, adatça, 4 döwre bölünýär.

I döwür: XIX asyryň ahyrlaryndan, has takygy 1880-nji ýyldan XX asyryň 30-njy ýyllaryna çenli döwri öz içine alýar. Alymlar bu döwri "tejribesiz arheologiýa" diýip atlandyrýarlar.

II döwür: XX asyryň 30–60-njy ýyllaryna degişli bolup, bu döwür Türkmenistanda arheologik maglumatlaryň güýçli depginde toplanylan we öwrenilen döwri hasaplanylýar. Öz gezeginde bu döwri 3 tapgyra bölmek mümkin:

1-nji tapgyr – Günorta Türkmenistan arheologik toplumlaýyn ekspedisiýasynyň (GTAKE) döredilmegine çenli döwür bolup, ol 1930–1945-nji ýyllary öz içine alýar.

2-nji tapgyra – GTAKE-niň döredilen we ilkinji ylmy-barlag işleriniň alnyp barylmagyna başlanan 1946–1950-nji ýyllar degişlidir.

3-nji tapgyra – 1950–1960-njy ýyllar degişli bolup, ol Türkmenistanyň ýerlerinde toplumlaýyn arheologik ylmy-barlag işleriniň giňişleýin geçirilmegi bilen häsiýetlendirilýär.

III döwre: XX asyryň 60-njy ýyllaryndan 1991-nji ýyla çenli döwür degişli edilýar. Bu ýyllarda alymlar tarapyndan toplanan maglumatlaryň esasynda arheologiýanyň dürli ugurlary boýunça ylmy işler, monografiýalar, köptomly kitaplar ýazylypdyr we çap edilipdir.

IV döwür: Türkmenistan döwletimiziň Garaşsyzlyga eýe bolan ýylyndan başlap, häzirki wagta çenli döwri öz içine alýar. Häzirki wagtda ösen innowasion tehnologiýalara daýanyp, dünýäniň öňdebaryjy ylmy-barlag merkezleriniň alymlarynyň we hünärmenleriniň gatnaşmagynda, türkmen alymlary bilen bilelikde dürli ýadygärliklere arheologik ekspedisiýalar guralýar. Türkmen alymlary tarapyndan ýurdumyzyň çäklerinde bar bolan arheologik ýadygärliklerde düýpli we köpugurly ylmy-barlag işleri yzygiderli dowam etdirilýär.

Durdymyrat Annayev
(Turkmenistan)

MAIN STAGES OF ARCHEOLOGICAL INVESTIGATIONS IN TURKMENISTAN

Archeology as a science appeared in the end of XIX century – at the beginning of XX century. The first archeological excavations began before appearance of this science, to put it more precisely in the second half of XIX century.

The history of appearance and development of archeology in Turkmenistan is divided into 4 stages:

I-stage: the end of XIX century, more exactly 1880 – XX (20th) century. The scientists estimate this stage as “archeology without practice”.

II-stage: 1930–1960s. Large-scaled archeological investigations were conducted in these years, unique materials on archeology of Turkmenistan were collected. In its turn the given stage is divided into 3 periods:

The period before appearance of STACE -South Turkmenistan archeological complex expedition (1930–1945 s)

The period of appearance of STACE (1946–1950 s)

The period of 1950–1960 years.

III stage: 1960–1991 In this stage the development of this science is characterized by the broadening of the range of research directions, as a result, many scientific publications on different directions of archeology appeared.

IV stage: The period after gaining Independence of Turkmenistan. This stage is characterized by the conduct of large-scaled research works with the participation of foreign scientists from leading research centres with the use of modern technologies and equipment.

Дурдымурат Аннаев
(Туркменистан)

ОСНОВНЫЕ ЭТАПЫ АРХЕОЛОГИЧЕСКИХ ИССЛЕДОВАНИЙ В ТУРКМЕНИСТАНЕ

Археология как наука возникла в последней трети XIX – начале XX веков. Первые археологические раскопки начались еще до возникновения этой науки, точнее – во второй половине XIX века.

История возникновения и развития археологии в Туркменистане делится на 4 этапа:

I-этап: конец XIX века, точнее с 1880 года по 20-е годы XX века. Ученые оценивают этот этап как “археология без практики”.

II этап: 1930–1960 гг. В эти годы были проведены широкомасштабные археологические исследования и были собраны уникальные материалы по археологии Туркменистана. Данный этап в свою очередь делится на 3 периода:

1) Период до возникновения комплексной экспедиции ЮТАКЭ (1930–1945 гг.).

2) Период возникновения ЮТАКЭ (1946–1950 гг.).

3) Период 1950–1960-годов.

III этап: 1960–1991гг. Для данного периода характерно расширение круга исследовательских направлений, результатом чего стали многочисленные научные публикации, издание многотомных трудов по различным вопросам археологии.

IV этап**:** Период после обретения Туркменистаном независимости. Данный период характеризуется проведением широкомасштабных исследовательских работ при участии зарубежных ученых из ведущих исследовательских центров с применением современных инновационных технологий и оборудования.

Gülälek Annaýewa, Merjen Taganowa
(Türkmenistan)

TÜRKMENISTANDA OBA HOJALYGY ÖZGERTMEGIŇ KANUNÇYLYK ESASLARY

Oba hojalygy – milli ykdysadyýetiň iň esasy pudaklarynyň biri, onuň depginli ösdürilmegine Türkmenistanda ýokary ähmiýet berilýär. Oba hojalyk ulgamynda zähmete ukyply ilatyň 43%-e golaýy işleýär. 2020-nji ýylda oba hojalyk pudagy JIÖ-niň jeminiň 12,2%-e golaýyny emele getirdi. Oba senagat toplumyndaky özgertmeler önüm öndürijileriniň hemmetaraplaýyn goldanylmagyna gönükdirilendir. Şu strategiýa laýyklykda, oba hojalygyny hem-de obasenagat toplumynyň beýleki pudaklaryny kämilleşdirmek we diwersifikasiýa ýoly arkaly ösdürmek boýunça toplumlaýyn çäreler alnyp barylýar.

Türkmenistanyň kanunçylyk-hukuk namalarynyň kämilleşdirilmeginiň we ösdürilmeginiň çäklerinde oba hojalygyna degişli “Oba hojalygyny ösdürmegi döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek hakynda”, “Daýhan birleşikleri hakynda” (täze redaksiýasy 30.03.2007 ý.), “Daýhan hojalygy hakynda” (2013 ý.), “Tohumçylyk hakynda”, “Däneçilik hakynda”, “Döwlet ýer kadastry”, “Azyk howpsuzlygy hakynda”, “Öri meýdanlar barada” (18.08.2015 ý.), “Eýeçilik hakynda” (21.11.2015), “Ýer hakynda”, “Türkmenistanda ýer gatnaşyklaryny kämilleşdirmek hakynda” (18.03.2016.) Türkmenistanyň Kanunlarynyň hem-de “Suw”, “Tokaý” Kodekleriniň kabul edilmegi, ýurtda alnyp barylýan içeri we daşary syýasatyň bazar gatnaşyklaryna esaslanandygyny görkezýär. Şeýle-de, “Bugdaýyň we pagtanyň döwlet satyn alyş bahalaryny ýokarlandyrmak hakynda”, “Oba hojalyk maksatly ýörite ýer gaznasynyň möçberini tassyklamak” we “Ýurdumyzda oba hojalyk önümlerini öndürijileri maliýe taýdan goldamak hakynda” Kararlar oba hojalyk pudagynyň önümçilik gatnaşyklarynyň has-da kämilleşdirilmegine, ýerleriň hasyllylygynyň ýokarlandyrylmagyna we täze iş orunlarynyň döredilmegine itergi berýär.

2018-nji ýylyň 25 sentýabrynda geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynda daýhan hojalyklaryna we beýleki önüm öndürijilere ýer böleklerini 99 ýyla çenli möhlet bilen, berilýän ýer böleklerinin azyndan 70 göteriminde şertnamalaýyn esasda bugdaý, gowaça we döwlet tabşyrygyna girýän beýleki oba hojalyk ekinleriniň hasylyny, galan ýer böleginde bolsa, ylmy esasda ekin dolanyşygyny geçirmek üçin döwlet tabşyrygyna girmeýän oba hojalyk ekinleriniň hasylyny ýetişdirmek şertinde peýdalanmaga bermek barada karar kabul edildi.

"Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019–2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda", "Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynda" we "Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda", şeýle hem ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda we 2028-nji ýyla çenli döwür üçin Oba milli maksatnamasynda hem anyk wezipeler bellenilip, olar yzygiderli durmuşa geçirilýär. Oba hojalygynyň dolandyrylyşyny mundan beýläk-de kämilleşdirmek we gurluşyny özgertmek, obalarda täze gatnaşyklary kemala getirmek, ýer we suw serişdelerini netijeli peýdalanmak, ylmy, seçgi işini we tohumçylyk önümçiligini ýokarlandyrmak, ekologiki taýdan arassa oba hojalyk önümlerini öndürmegiň hasabyna azyk howpsuzlygyny üpjün etmek, bäsdeşlige ukyply, eksporta niýetlenen we importyň ornuny tutýan önümçilikleri çalt depginlerde ösdürmek boýunça toplumlaýyn çäreler kabul edilýär.

Gulalek Annayeva, Merjen Taganova
(Turkmenistan)

LEGISLATIVE BASIS FOR REFORMING AGRICULTURE IN TURKMENISTAN

Among the normative legal acts of Turkmenistan in the field of land and water use are the Land Code of Turkmenistan, the Water Code of Turkmenistan, the Law of Turkmenistan "On Dayhan Associations" (new version of 11/13/2021), the Law of Turkmenistan "On Dayhan Farming" (new version of 9.11. 2013), the Law of Turkmenistan "On the State Land Cadastre" (new version of 11/25/2017), the Law of Turkmenistan "On Land Reclamation", etc.

Even greater transformations are planned in the country's agriculture in accordance with the "National Program for the Socio-Economic Development of Turkmenistan for 2022–2052". It is planned to turn agriculture into a highly developed sector of the country, where entrepreneurship will be one of the main structures in creating a food security system.

Гулялек Аннаева, Мерджен Таганова
(Туркменистан)

ЗАКОНОДАТЕЛЬНАЯ ОСНОВА РЕФОРМИРОВАНИЯ СЕЛЬСКОГО ХОЗЯЙСТВА ТУРКМЕНИСТАНА

Среди нормативных правовых актов Туркменистана в области землеводопользования можно назвать Земельный кодекс Туркменистана, Водный кодекс Туркменистана, Закон Туркменистана “О дайханских объединениях” (новая редакция от 13.11.2021г.), Закон Туркменистана “О дайханском хозяйстве” (новая редакция от 9.11.2013 г.), Закон Туркменистана “О государственном земельном кадастре” (новая редакция от 25.11.2017 г.), Закон Туркменистана “О мелиорации земель” и др.

Еще большие преобразования намечаются в сельском хозяйстве страны в соответствии с “Национальной программой социально-экономического развития Туркменистана на 2022–2052 годы”. Намечается превратить сельское хозяйство в высокоразвитую отрасль страны, где предпринимательство будет одной из основных структур в создании системы продовольственной безопасности.

Nargül Ataşowa, Gülaýym Gylyjowa
(Türkmenistan)

SELJUKLAR DÖWRÜNIŇ KERWENSARAÝLARY

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedow: “Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi” atly kitabynda şeýle belleýär: “Diýarymyzda kerwensaraýlary gurmagyň we olarda milli myhmansöýerlik däplerine laýyklykda hyzmat etmegiň örän baý tejribesi toplanypdyr.” Orta asyrlarda Gündogardan Günbatara uzalyp gidýän söwda ýollarynyň bökdençsiz hereket etmegi üçin kerwensaraýlar gurlupdyr. Kerwensaraýlar aragatnaşyk (poçta) we ýol gullugynyň döremegi netijesinde ýüze çykypdyr. Kerwensaraýlar gadymy döwürde ýüze çykanam bolsa, orta asyrlarda şäherlerde söwda-ykdysady gatnaşyklaryň has hem ösmegi netijesinde möhüm ähmiýete eýe bolupdyr. Orta asyrlarda ýollar menzillere bölünipdir. Her 25–50 km aralykda guýular gazylyp, düşelgeler, duralgalar we berkitmeler gurlupdyr. Şeýle ýollar wagtyň geçmegi bilen has-da kämilleşdirilip, olaryň ýerinde kerwensaraýlar (hanlar), rabatlar salnypdyr.

Taryhy çeşmelere görä, ýollaryň ugrundaky düşelgeleri “hana”, “düşelge”, “manaziala” (menzil), ýagny daşy howluly uly düşelge, kähalatlarda kiçeňräk berkitme, ribat (rabat) daşy berkidilen gala ýaly uly ýol kerwensaraýlary diýlipdir.

Emma seljuklaryň zamanyndan başlap, bu desga Orta Aziýada we Eýranda “kerwensaraý”, Türkiýede “han”, arap ýurtlarynda bolsa “funduk” atlary bilen ýörgünli bolup ugraýar. Häzirki döwürde dünýäniň Gündogar ýurtlarynyň ähli dillerinde diýen ýaly, köplenç, “kerwensaraý” ady ulanylýar.

Seljuk soltanlary täjirleriň rahat söwda etmekleri üçin, söwda ýollarynyň howpsuzlygyny üpjün etmek maksady bilen birnäçe gurluşyk işlerini alyp barýarlar. Esasan hem söwda kerwenleriniň düşläp dynç almaklary, howpsuzlygy üçin söwda ýollaryň 30-40 kilometr aralygynda kerwensaraýlar gurdurýarlar. Seljuklar döwründe kerwensaraýlaryň uly ähmiýete eýe bolmagy, ilki bilen şäherleriň we şäher önümçiliginiň ösmegi, şeýle-de ýurtlaryň arasyndaky söwda we ykdysady gatnaşyklaryň giňelmegi bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.

Beýik Seljuk hökümdarlarynyň göreldelerine eýerip, Rum seljuk döwletini dolandyran soltanlar hem sebitiň çäklerinde, halkyň asuda durmuşy üçin jemgyýetçilik binalaryny gurdurypdyrlar.

Taryhy çeşmelere görä, Rum seljuk döwletinde ilkinji kerwensaraýlar soltan Gylyç Arslan II (1155–1192) döwründe gurulmaga başlanýar. Soltan Gylyç Arslan II öz kerwensaraýyny Aksaraýda, serkerdebaşysy Altynapa Konýa-Akşäher aralygyndaky ýoluň ugrunda bina etdirýär. Soltan Gylyç Arslan II döwründen soňra kerwensaraýlar barha çalt depginlerde gurlup başlanýar. Soltanlar, mälikler, serkerdeler we beýleki döwlet adamlary özüniň emläkleriniň bir bölegini kerwensaraýlaryň gurluşygy üçin sarp edipdirler. Rum seljuk döwletiniň Gylyç Arslan II, Yzzeddin Keýkowus I, Gyýaseddin Keýhysrow I, Alaeddin Keýkubat I ady bilen tanalýan soltanlaryň gurduran ençeme binalaryny bellemek bolar. Bu bolsa döwletiň ösýän döwründe soltanlaryň bitiren hyzmatlaryndan habar berýär. Umuman aýdylanda, ýetmiş segsen ýylyň içinde 132-ä golaý kerwensaraý gurulýar. Bularyň 80 sanysy soltanlar, galanlary wezirler we beýleki döwlet adamlary tarapyndan gurulýar.

Kiçi Aziýada Rum seljuklar döwründe gurlan binalaryň Beýik Seljuk döwletiniň binagärçiligi bilen meňzeşlikler duýulsa-da, onuň tapawutly aýratynlygy hem bardyr. Ol aýratynlygyň sebitiň tebigy ýagdaýy, şertleri bilen baglanyşyklydygyny bellese bolar. Ýagny, Beýik Seljuk döwletinde binalar, esasan, kerpiçden gurlup (bişen ýa-da çig kerpiçden), kerpiçlerden nagyş edilen bolsa, Rum seljuk döwletinde, esasan, daşdan gurlup, daşlaryň ýüzüne oýulyp nagyşlar çekilipdir. Diwar bezeglerdäki nagyşlarda Beýik Seljuklar döwletiniň, Horezmşalar döwletiniň binagärçiliginde ulanylan ençeme nagyşlar bilen meňzeşlikleri görmek bolýar. Bu bolsa Rum seljuk döwletiniň binalaryň gurluşy, bezeglerindäki nagyşlary Beýik Seljuklar döwletiniň binagärçilik gurluşygyndan gözbaş alandygyny aýdyň görkezýär. Beýik Seljuk döwletiniň binagärçilik sungaty diňe bir Kiçi Aziýa topraklaryna däl-de, eýsem alys ülkelere Ýewropa döwletlerine hem ýaýraýar. Diýmek bir söz bilen aýdylanda, Seljuklylar zamanynda Türkmenistanyň, Horasanyň çäklerinde bolşy ýaly, Kiçi Aziýa topraklarynda hem arhitektura ösen derejede bolupdyr.

Nargul Atashova, Gulayym Gylyjova
(Turkmenistan)

CARAVANSERAIS IN THE SELJUK ERA

Although caravanserais appeared in ancient times, they became important in the Middle Ages as a result of the further development of trade and economic relations in cities. The great importance of caravanserais during the Seljuk Era is inextricably linked to the development of cities and urban production, as well as the expansion of trade and economic relations between countries. Following the examples of the great Seljuk rulers, the Sultans who ruled the Seljuk Sultanate of Rum constructed public buildings for the peaceful life of the people in the area of the region.

In the Great Seljuk Empire, the buildings were mostly made of bricks and were decorated with brick patterns, while in the Romanian Seljuk state, they were mainly built of stone, and patterns were carved on the surface of the stones. In the patterns on the wall decorations, one can see similarities with many patterns used in the architecture of the Great Seljuk Empire and *State of Khorezm-Shahs*. This clearly shows that the structure of the buildings and decorations of the Seljuk Sultanate of Rum originated from the architecture of the Great Seljuk Empire. The architectural art of the Great Seljuk Empire spread not only to the lands of Asia Minor, but also to distant countries in Europe.

Наргуль Аташова, Гулайым Гылыджова
(Туркменистан)

КАРАВАН-САРАИ ЭПОХИ СЕЛЬДЖУКОВ

Хотя караван-сараи появились гораздо раньше, огромное значение они приобрели в средние века в результате расширения торгово-экономических процессов в городах. Повышение значения караван-сараев в эпоху Сельджуков неразрывно связано с развитием городов и городского производства, а также расширением торгово-экономических связей между странами. По примеру правителей из династии Сельджукидов, султаны Сельджукского султаната Рум развернули на обширной территории региона общественные здания, призванные обеспечить проживание народа в стабильности и спокойствии.

В Великой Сельджукской империи здания в основном были построены из кирпича и украшены узорами из того же материала, тогда как в Сельджукском султанате Рум объекты строились преимущественно из камня, поверхность которых вырезались узоры. В узорах настенного убранства можно увидеть

сходство со многими узорами, использовавшимися в архитектуре Великой Сельджукской империи и Государства Хорезмшахов. Это ясно показывает, что конструкция и отделка зданий в Сельджукском султанате Рум переняты из искусства архитектуры Великой Сельджукской империи, которое впоследствии распространилось не только в Малой Азии, но и в странах Европы.

Kakajan Ataýew, Selbi Ataýewa
(Türkmenistan)

ÇAGANY MEKDEBE TAÝÝARLAMAKDA MAŞGALANYŇ ORNY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe milli bilim ulgamyny düýpli özgertmek, bilimiň hilini we mazmunyny dünýä ölçegleriniň kadalaryna laýyk alyp barmak ugrunda uly işler amala aşyrylýar. Dünýä jemgyýetçiliginiň bilim beriş tejribelerine we milli bilim ulgamynyň häzirki ösüş tapgyryndaky amalyýete ornaşdyrylýan özgertmelere laýyklykda, ýaş nesliň ruhy we beden taýdan kemala getirilmegi üçin wajyp wezipeler üstünlikli amala aşyrylýar. Ýaş nesliň ruhubelentligi, beden taýdan sagdyn ösmegi, watançylyk duýgularynyň belent bolmagy, bilimleri täzeçe özleşdirmegi babatynda möhüm işler alnyp barylýar.

Bilim ulgamyndaky amala aşyrylýan özgertmeler belent maksatlara nazarlaýar we bu maksada ýetmekde mekdebe çenli çagalar edaralarynyň işiniň we maşgalada terbiýe işiniň guralyşynyň aýratyn orny bardyr.

Ene-ata çaganyň ilkinji mugallymy bolmak bilen, onuň mekdebe taýýarlygyna kesgitli täsirini ýetirýär. Çaganyň mekdebe taýýarlygy häzirki çalt ösýän jemgyýetlerde aýratyn möhüm orny eýeleýär. Maşgalanyň, maşgala terbiýesiniň we maşgalanyň häsiýetnamasynyň çaganyň mekdebe taýýarlygyna ýetirýän täsirini öwrenmek degişli tema bagyşlanan barlaglaryň obýektine öwrüldi. Şol barlaglaryň netijeleriniň görkezmegine görä, maşgala bilimi, terbiýesi çaganyň akyl ýetişigine we sosial-emosional ösüşine aýgytlaýjy täsirini ýetirýär. Ene-atanyň çagalaryň mekdebe taýýarlygyny üpjün etmekde ýeterlik orny eýeleýändigini görkezýän tejribeleriň barlygyna garamazdan, şu ugurdan oňyn netije berjek barlaglary dowam etdirmek zerurlygy derwaýysdyr. Häzirki zamanda dünýäde adamyň ösüşine bagyşlanan meşhur taglymatlaryň biri bolan Uri Bronfenbrenneriň ekologiýa taglymatyna görä, adamyň ösüşi dört sany ekologik ulgamda bolup geçýär:

– Mikroulgam – çaganyň maşgalasy;
– Mezoulgam – çagalar bagy, mekdep, ýaşaýan ýeri;
– Ekzoulgam – ulularyň sosial guramalary;
– Makroulgam – ýurtdaky medeniýet, gymmatlyk, däpler we ş.m.

Şu ulgamda çaganyň ösüşiniň binýatlyk esasyny onuň maşgalasy kemala getirýär. Çaganyň şahsyýetini onuň maşgalasy, ene-atanyň gönükdirilmeleri we maşgaladaky ýagdaý(atmosfera) kemala getirýär. Eger maşgala agzybir bolsa, onda rahat, açykgöwünli, dolandyryp bolýan çaga kemala gelýär. Tersine, agzala maşgalada dawaçyl, dartgynly çaga ýetişýär. Şu ýerde gatnaşyklaryň özara täsirlidigini, ýagny ene-ata çaga we çaga ene-ata täsir edýändigini bellemelidir.

Çaganyň mekdebe taýýarlygynyň esasyny maşgala agzalarynyň çaga bolan gatnaşyklary, has-da ene-atanyň gatnaşygy aýgytlaýjydyr. Maşgalada çagany mekdebe taýýarlamagyň usulyýet jähetlerini işläp düzmek pedagogika ylmynyň öňünde duran wajyp wezipeleriň biridir. Maşgalada çagany mekdebe taýýarlamagyň ugurlaryna kognitiw ukyplary ösdümek, fiziki ösüşi üpjün etmek we sosial-emosional gatnaşyklary dogry gurnap ösdürmeklik degişlidir.

Mekdebe taýýarlygyň akademiki jähedi kognitiw we lingwistiki endikleri özünde jemläp, ol hem öz gezeginde fonemalary, sözleri tanamak, arifmetiki endikler, şeýle hem ünsi jemlemek ukybyny ösdürmegi göz öňüne tutýar. Ýokardaky ukyplary ösdürmek bilen çaganyň sowatlylygyny üpjün edilýär.

Mekdebe taýýarlygyň sosial-emosional jähedi ünsi we tutanýerligi, şowsuzlyga sabyrlygy, kömek soramagy, deň-duşlary we ulular bilen üstünlikli özaratäsire girmekligi göz öňüne tutýar.

Sosial jähedi aragatnaşygyň netijesinde döreýär we özünde emosiýalary başdan geçirmegi, özüniň we beýlekileriň emosiýalaryny tanamaklygy, emosiýalary sazlap bilmek ukybyny jemleýär.

Mekdebe taýýarlygyň fiziki we hereket jähedi boýunyň ösüşiniň tizligini, ownuk we iri motorikany, şahsy arassaçylyk endiklerini öz içine alýar.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň döredip berýän giň mümkinçilikleri netijesinde, mekdebe çenli bilim edaralarynda nesil terbiýesi meselesiniň üstünlikli çözülýär.

Kakajan Atayev, Selbi Atayeva
(Turkmenistan)

THE ROLE OF THE FAMILY IN PREPARING A CHILD FOR SCHOOLING

As a child's first teacher, parents can play a role in supporting a child's school readiness. Family involvement, family upbringing, and family characteristics that influence children's school readiness are often discussed in studies of children's school readiness. Children's school readiness is often discussed in studies. They show that family education programs Family education programs have a positive impact on children's academic achievement, social and emotional development, and language development.

Какаджан Атаев, Сельби Атаева
(Туркменистан)

РОЛЬ СЕМЬИ В ПОДГОТОВКЕ РЕБЕНКА К ШКОЛЬНОМУ ОБУЧЕНИЮ

Будучи первыми учителеями ребенка, родители могут сыграть важную роль в уровне его готовности к школе. Вопросы, касающиеся участия семьи, семейного воспитания и семейных характеристик, которые влияют на уровень подготовленности детей к школе часто обсуждаются в исследованиях, посвященных данной проблеме. Они показывают, что программы семейного образования и воспитания оказывают положительное влияние на академическую успеваемость детей, социальное и эмоциональное их развитие.

Kemal Ataýew
(Türkmenistan)

XIX ASYRYŇ IŇLIS SYÝAHATÇYLARY TÜRKMENLERIŇ ÝAŞAÝYŞ-DURMUŞY DOGRUSYNDA

Ylmy-bilimi has hem ösdürmek meselesinde hormatly Prezidentimiziň bize döredip beren mümkinçilikleriniň esasynda taryhymyzy hemmetaraplaýyn öwrenmäge hem giň ýol açyldy.

Türkmen halkynyň gadymdan gözbaş alyp gaýdýan baý we şanly geçmiş taryhy bar. Strategik taýdan örän wajyp ýerde ýerleşen türkmen topragy taryhy wakalara-da baý ýer bolupdyr. XIX asyrda türkmen topragynda bolup geçen taryhy wakalary öwrenmek üçin şol döwrüň iňlis syýahatçylarynyň ýazan eserleri gymmatly çeşme bolup hyzmat edýar. Bu eserlerde türkmen halkynyň geçmişdäki medeniýeti, durmuşy we hojalygy barada etnografik maglumatlar berilýär. XIX asyryň ortalarynda iňlis syýahatçysy Jeýms Abbot tarapyndan ýazylan “Narrative of a journey from Heraut to Khiva, Moscow, St.Petersburgh, during the late Russian invasion of Khiva; with some account of the court of Khiva and the Kingdom of Khaurism (Russiýanyň soňky gezek Hywa hüjüm eden ýyllarynda Hyratdan Hywa, Moskwa we Sankt-Peterburga çenli edilen syýahat barada söhbet)” atly eser, iňlis syýahatçysy Jozef Wolf “ Narrative of a mission to Bokhara, in the years 1843–1845, to ascertain the fate of Colonel Stoddart and Captain Conolly (Polkownik Stodartyň we Kapitan Konoliň ykbalyndan habar almak üçin

1843–45-nji ýyllarda Buhara syýahat barada söhbet)” atly eser, iňlis ýazyjysy hanym Mery Leonora Wulf Şeil we onuň adamsy iňlis serkerdesi Jastin Şeil tarapyndan XIX asyryň ikinji ýarymynda ýazylan “Glimpses of life and manners in Persia (Persiýanyň durmuşy we däp-dessurlary bilen gysgaça tanyşlyk)” atly syýahatnama türkmenleriň XIX asyrdaky ýaşaýyş durmuşy barada gymmatly maglumatlary özünde jemleýär.

Bu syýahatnamalarda Türkmenistanyň çäginde syýahat edenlerinde, çarwa we oturymly türkmenler barada türkmen jemgyýetinde sosial-ykdysady ýagdaýlar, medeni gatnaşyklar, däp-dessurlar we gündelik durmuş barada, türkmenleriň etniki düzümi, nirelerde ýaşandyklary, sebitdäki syýasy ýagdaý barada baý maglumatlar berilýär. Hatda türkmen taýpalarynyň sany, her tiräniň we obanyň ilat sany barada hem maglumatlar bar. Bu maglumatlar, elbetde, takyk däldir. Türkmenleriň sanynyň näçedigini olaryň özlerem, syýahatçylaram anyk kesgitläp bilmändirler. Bu ýagdaýy türkmenleriň öz döwletiniň bolmandygy, dürli döwletiň çäginde dagynyk ýagdaýda ýaşandyklary bilen düşündirse bolar. XIX asyrda halkyň esasy girdeji çeşmesi iki sany pudak bilen, ýagny ekerançylyk we maldarçylyk bilen bagly bolupdyr. Iňlis syýahatçylary öz işlerinde türkmenleriň myhmansöýerlik ýaly asylly däplerine gyşarnyksyz eýerendiklerini, halyçylyk sungaty, zergärçilik, hünärmentçilik bilen meşgullanandyklaryny belläpdirler.

Kemal Atayev
(Turkmenistan)

ENGLISH TRAVELLERS OF 1840S ABOUT THE TURKMEN PEOPLE’S WAY OF LIFE

Turkmens have glorious and heroic past. One of the invaluable sources which provide information about the historical events of the 19th century is the works by the English travellers. These works contain information about the Turkmen culture, everyday life and housekeeping traditions of the Turkmen people.

English travellers stressed in their works the Turkmen people’s hospitality, good manner, kindness and tolerance, a highly developed carpet weaving, jeweller’s art, and other handicrafts.

Кемал Атаев
(Туркменистан)

АНГЛИЙСКИЕ ПУТЕШЕСТВЕННИКИ XIX ВЕКА ГОДОВ О БЫТЕ ТУРКМЕН

Одним из ценных источников, содержащих богатую информацию о исторических событиях, происходивших в Туркменистане в XIX веке, культуре, повседневной жизни и домашнем хозяйстве туркмен являются труды английских путешественников.

Всвоих работах они отмечали гостеприимство туркмен, их радушие, такт, доброжелательность и толерантность, наличие высокоразвитого искусства ковроткачества и ювелирного дела, а также других ремесел.

Maýsa Ataýewa
(Türkmenistan)

MAGTYMGYLY PYRAGYNYŇ "YZLAMAÝAN BOLARMY" ŞYGRYNDA WAGT AŇLADÝAN DIL SERIŞDELERINIŇ DEŇEŞDIRME DERŇEWI

Ylmy makalada Pyragynyň döredijiligine ser salynýar, onuň dili ösüş we göreş guraly hökmünde ulanandygy mese-mälim görkezilýär. Onuň döredijiliginde goşgularynyň çeperçiligini, täsirliligini we keşpleriň suratlandyrylyşyny artdyrmak üçin metaforalaryň, deňeşdirmeleriň, epitetleriň, janlandyrmalaryň, ulaltmalaryň we kiçeltmeleriň giňden ulanylmagy bilen bir hatarda wagt düşünjesini aňladýan leksik, morfologik, sintaktik we beýleki dil serişdeleriniň hem giňişleýin we ýerlikli ulanylmagy eseriň özboluşly aýratynlygydyr. Şahyryň "Yzlamaýan bolarmy" şygrynda we onuň rus diline edilen terjimesinde deňeşdirme derňewi geçirilende, nämälim geljek zaman işlik şekilleriniň wagt aňladyş serişdesi hökmünde ulanylandygy ýüze çykarylýar.

Mälim bolşy ýaly, türkmen dilinde işligiň geljek zamany sözleýiş pursatyndan soň bolup geçjek gymyldy-hereketi aňladýar diýip bellenilýär. Şahyryň "Yzlamaýan bolarmy" diýen goşgusynda işligiň nämälim geljek zaman şekili arkaly temporal manysyna görkezme, teklip, maslahat, haýyş, towakga ýaly many öwüşginleriniň goşulýandygy aýdyň görünýär.

Magtymguly Pyragynyň döredijiligi türkmen diliniň söz baýlygynyň näderejededigini açyp görkezýändigine, şahyryň döredijiliginiň üsti bilen türkmen

diliniň leksik we çeperçilik serişdeleriniň wagt düşünjesini aňlatmakda uly ähmiýetiniň bardygyna göz ýetirilýär. Wagt düşünjesini dürli dil serişdeleri arkaly ýüze çykarmak meselesiniň geljekde Magtymguly Pyragynyň döredijiligini giň we çuňňur öwrenmäge itergi berjekdigi bellenilýär.

Maysa Atayeva
(Turkmenistan)

CONTRASTIVE ANALYSIS OF THE LINGUISTIC MEANS OF TENSE IN THE POEM "YZLAMAYAN BOLARMY" BY MAGTYMGULY PYRAGY

The scientific article examines Pyragy's work and shows that he used language as a tool of development and struggle. In addition to the extensive use of metaphors, similes, epithets, exaggerations and litotes in order to enhance the artistry, effectiveness and imagery of his poems, it is clearly seen that the comprehensive and appropriate use of lexical, morphological, syntactic and other linguistic means expressing the concept of time is a unique feature.

A comparative analysis of the poet's poem "Yzlamayan bolarmy" and its translation into Russian shows that indefinite forms of the future tense are used as a means of expressing time. As is known, in the Turkmen language the future tense of a verb is defined as an action that will occur after the moment of speech. In the poet's poem "Yzlamayan bolarmy" it is clearly seen that the temporal meaning of a verb is added to its temporal meaning by means of an indefinite future tense, for example, instruction, suggestion, advice, request.

It is noted that the work of Magtymguly Pyragy reveals the richness of the vocabulary of the Turkmen language, and that thanks to the work of the poet, the lexical and artistic means of the Turkmen language are of great importance in expressing the concept of time. It is noted that the problem of revealing the concept of time through different linguistic means motivates in the future to widely and deeply study the work of Magtymguly Pyragy.

Майса Атаева
(Туркменистан)

СОПОСТАВИТЕЛЬНЫЙ АНАЛИЗ СРЕДСТВ ВЫРАЖЕНИЯ ТЕМПОРАЛЬНОСТИ В СТИХОТВОРЕНИИ МАХТУМКУЛИ ФРАГИ “YZLAMAÝAN BOLARMY”

Махтумкули известен всему миру благодаря мастерски выполненным переводом на разные языки. При переводах в целях повышения художественности, эффектности и образности его стихов, помимо широкого использования метафор, сравнений, эпитетов, олицетворений, преувеличений и сокращений, также используются лексические, морфологические, синтаксические и другие средства языка.

В данной статье рассматривается выражение темпоральности в стихотворении поэта “Yzlamaýan bolarmy”, переведенном на русский язык А.Тарковским “На смерть сына”. При анализе оригинала и перевода на русский язык можно увидеть, что неопределенное будущее время используется как средство выражения темпоральности.

Как известно, будущее время глагола в туркменском языке означает действие, которое произойдет после момента речи и делится на две группы: неопределенное будущее и определенное будущее. Неопределенное будущее время образуется путем добавления суффикса -ar/-er к основному глаголу. Эта форма глагола имеет несколько особенностей выражения темпоральности.

Понятно, что в первой строфе стихотворения поэта “Yzlamaýan bolarmy” неопределенное будущее время глагола присоединяется к основному глаголу в форме третьего лица и имеет значение “вопроса, наставление, внушение, советы, просьбы”: Bir käkilik aldyrsa türpe balasyn, / Saýraý-saýraý, *yzlamaýan bolarmy*? / Bir bilbil ýitirse gyzyl lälesin, / Hasratyndan *sözlemeýen bolarmy?* В русском переводе “На смерть сына” эти строки звучат так: Когда птенца у куропатки отнимут, / Ужель она, о нем стоная, искать не будет? / Соловей потеряет свой красивый цветок, / Ужель с тоски, петь не будет. В русском переводе значение туркменских глаголов в форме будущего времени сохраняется, действие также происходит после момента речи, но выражение темпоральности передается с помощью частицы не и глагола быть.

Во второй строфе: Kürresi elinden gitse eşegiň, / *Telmirip* tört ýana *gözlär* uşagyn, / Akmaýa aldyrsa elden köşegin, / Bagryn bozup, *bozlamaýan bolarmy?* Если ослица потеряет своего осленка, / Глядя в разные стороны, будет искать детеныша, / Если у верблюдицы отнимут верблюжонка, / Ужель страдая,

кричать не будет? Как видно из оригинала и русского перевода, в этих строках и в туркменском, и в русском варианте мы наблюдаем добавочное значение длительности действия.

В следующей строфе: Bala sesin *diňlär, asyp* gulagyn, / Döke-döke göz ýaşynyň bulagyn, / Ak jeren aldyrsa elden owlagyn, / Mäleý-mäleý, *gözlemeýän bolarmy*? Будет прислушиваться к голосу детеныша, / Слезы будет лить ручьем, / Если у джейрана отнимут детеныша, / Ужель, блея, искать не будет? В этих строках в туркменском языке неопределенное будущее время означает, что несомненно произойдет действие. В русском языке это действие выражается с помощью аналитической формой будущего времени.

В туркменских пословицах и поговорках неопределенное будущее время выражает отношение к субъекту, состояния действия, а также, что действие непременно произойдет. Это значение встречается в следующей строфе Магтумкули: Agsagyň elinden alsaň agajyn, / Ýaman derde *düşer, tapmaz* alajyn, / Bir güýçli duşmana duşsa mekejin, / Jojugyny *gizlemeýen bolarmy?* Коль у хромого взять костыль его, / Сам он не сможет сделать ничего. / Если свиноматка встретит сильного врага, / Неужели прятать детеныша не будет?

Помимо указания времени действия, форма неопределенного будущего времени глагола может также выражать такие значения темпоральности как предсказание и вероятность: Aýralyga adam ogly neýlesin? / Kim *galar, görmeýen* ajal hilesin? / Magtymguly, haýwan bilse balasyn, / Ynsan bagryn *duzlamaýan bolarmy?* Что может человек при разлуке? / Кто не заметит проделки смерти, Махтумкули! / Коль зверь тоскует без детей, / То человек ужель рыдать не будет?

В русском переводе глаголы будущего времени “не заметит”, “рыдать не будет” также, как и в туркменском оригинале выражают темпоральность с помощью отрицательной частицы “не” и глагола “быть”.

Как видно из вышеизложенного, творчество Махтумкули раскрывает богатство словарного запаса туркменского языка. Посредством изучения творчество поэта можно убедиться, что лексические и художественные средства туркменского языка имеют большое значение в выражении понятия темпоральности. Проблема раскрытия понятия времени посредством разных языковых средств мотивирует к широкому и глубокому изучению творчества великого сына туркменского народа.

Serdar Ataýew, Maksat Orazow
(Türkmenistan)

TÜRKMEN TARYHYNY OKATMAK: MILLILIK WE INNOWASIÝA

Zeminiň dürli künjeklerine düşen watandaşlarymyzyň hem hakydasyny ata Watan diýen mukaddes düşünje bilen birleşdirýän eriş hiç haçan üzülmändir. Şoňa görä-de dünýäniň köp döwletlerine ýaýran, şol ýerde ýurt tutunan ýaşan we döwletler guran dünýä türkmenleri ýerli ýurtlaryň taryhyna girmäge mynasypdyr. Türkmenler hem umumadamzadyň ösüşinde uly ähmiýete eýedir. Şu günki-gün türkmen halkynyň bitewi taryhyny ýazmakda Türkmenistanyň we şol sanda daşary ýurtlarda ýaşaýan türkmenleriň çap eden kitaplaryny çeşme hökümünde ylmy dolanyşyga girizmäge doly mümkinçilik berilýär.

Birinjiden, "Ählumumy taryhy" atly okuw kitapda türkmenleriň milliligi görkezmekde Eýranda, Owganystanda, Yrakda, Türkiýede we başga döwletleriň taryhynda, türkmenleriň ýerli halklar ýaly alyp barýan bähbitli göreşlerini görkezmek zerurdyr. Ol barada Türkmenistanda ýaşaýan gündogarşynaslaryň ylmy işleri ýeterlik derejede dolanyşyga girizmäge doly mümkinçilik berýär. Meselem: Eýranyň taryhynda türkmenler barada B.R.Logaşowanyň, H.Ataýewiň, M.Aýdogdyýewiň, D.Gandymowyň, S.Ataýewiň; Yragyň taryhyny N.Gajarowyň, K.Öwezowyň; Owganystanyň taryhyny A.Babaýewanyň, B.Gurtgeldiýewanyň we başgalaryň işlerini görkezmek bolar. Olaryň hatarynda agzalan ýurtlarda ýaşaýan türkmen taryhçy alymlaryň hem işlerini çeşme hökmünde getirmek bolar. Eýranda A.Sarlynyň, Owganystanda M.S.Rasyhynyň, Yrakda Abdullatif Bender oglunyň, Türkiýede Fikret Türkmeniň we başgalaryň işlerini ylmy dolanyşyga getirilse ýerlikli bolar. Meselem; Eýranyň Pehlewi döwrüniň taryhynda türkmenleriň milli azatlyk hereketleri we 1979-njy ýylda olaryň Bahman (fewral) aýyndaky Türkmensähradaky türkmenleriň göreşleri, ýa-da Yrakda 1958-nji ýylda araplar, kürtler ýaly türkmenler hem respublikany döretmäge işjeň gatnaşandygy barada Abdullatif Bender oglunyň "Yrakdaky rewolýusiýa türkmenleriň gatnaşmagy" atly kitabyny türkmen alymy arapşynas M.Ensarynyň beren syny we şol sanda N.Gajarowyň dissertasiýasy hem şaýatlyk edýär. Şular ýaly mysallar Owganystanyň taryhy öwrenilende ol ýerde ýaşaýan türkmenleriň orny görkezilse bolar. Türkiýanyň taryhynda bolsa "Bir millet iki döwlet" şygary tema hökmüde öwrenilse dogry bolar.

Ikinjiden innowasiýa ugurdan kesgitlemekde haýsy hem bolsa bir taryhy waka beýan edilende, hökmany suratda bu ugurdan köp işlän awtorlaryň işlerini ýatlanyp okadylsa, dersler gyzykly geçer. Şol bir wagtda talyplaryň bolup geçen

taryhy wakanyň haýsy edebiýatlardan peýdalanmaly diýen soragyna jogap bolup durýar. Işde taryhylyk we dogry maglumatlara daýanmak, yzygiderligi saklamak we şu günüň hakykaty, obýektiwlik, taryhy seljeriş, ylmy ýörelgeler we derňew usullary ulanylmakdan ybarat bolup durýar. Sebäbi ýokary okuw mekdeplerinde mugallymlar taýýarlanýar. Bu maglumatlary diňe millilikde we innowasion usulda tapmak bolar.

Jemläp aýdanyňda, ýokary okuw jaýlarynda, orta mekdeplerde okadylýan dürli sapaklara garamazdan, ýokarda bellenip geçilen teklipler bilen okadylsa talyplaryň, okuwçylaryň şol derse bolan höwesi artjagy ikuçsyzdyr.

Serdar Atayev, Maksat Orazov
(Turkmenistan)

TEACHING TURKMEN HISTORY: NATIONALITY AND INNOVATION

The thread of the truth of our compatriots, scattered in different corners of the Earth, uniting them with the sacred concept of the Motherland, has never been torn. Therefore, the Turkmens of the world, who have settled in numerous countries, living there and building states, deserve to be included in the history of local countries. Turkmens have also played a very important role in the development of mankind.

Today, in writing a unified history of the Turkmen people, all opportunities are opening up for the introduction into scientific circulation of book resources published in Turkmenistan, as well as by Turkmens living abroad.

Сердар Атаев, Максат Оразов
(Туркменистан)

ПРЕПОДАВАНИЕ ИСТОРИИ ТУРКМЕН: ПАТРИОТИМ И ИННОВАЦИИ

Туркмены мира, расселившиеся в разные эпохи по многочисленным странам, живущие там и строящие государства, достойны включения в историю этих стран.

Сегодня для написания единой истории туркменского народа открываются широкие возможности.

Rasul Amangeldiýew, Gülnabat Ataýewa
(Türkmenistan)

TÜRKMEN SUNGATYNDA KINO SAZ ŽANRYNYŇ EMELE GELIŞ WE ÖSÜŞ TARYHY

Häzirki zaman dünýä medeniýetinde kino sungaty iň bir isleg bildirilýän sungat görnüşleriniň biridir. Kino diliniň gurluşynyň zerur elementi bolup, aýdym-saz dürli wezipeleri ýerine ýetirýär – ekrandaky bolup geçýän wakalara düşündiriş berýär, beýan edýär, işjeňleşdirýär, nygtap geçýär, häsiýetlendirýär we ş.m.

Sazşynaslyk ylmynda kino sazynyň temasyna seýrek ýüzlenilip, umuman alanyňda, bu mesele çap edilmedik ylmy işleriň çygryna degişlidir. Polýak alymy Z. Lissanyň aýdyşy ýaly "kinoşynaslar hem kino sazy barada öz garaýyşlaryny seýrek ýagdaýda aýdyp geçýärler, aýdanlarynda-da, köplenç, çäkli ýa-da hemişe bolşy ýaly sazyň ornuna kem baha berýän ýaly, düýbünden ýalňyş netije çykarýarlar".

Kinofilmleriň sazy, köplenç hakyky, doly göwrümli eser bolup, ýüzlerçe partitura sahypalary eýeleýär. Muňa mysal hökmünde D. Nuryýewiň, N. Halmämmedowyň, Ç. Nurymowyň, A. Agajykowyň, R. Rejepowyň film üçin ýazan eserleriniň nota partituralaryny görkezmek bolar.

Sazşynaslaryň we kinoşynaslaryň ýeterliksiz ünsi sebäpli, mümkin dünýä medeniýetinde bu žanr köp wagtlap goşmaça, amaly žanr hökmünde hasaplanylandyr. Alym T. F. Şak özüniň "Mediatekstiň gurluşynda saz" atly ylmy işinde "media žanrlarynda saz" şu wagta çenli özbaşdak element hökmünde kabul edilmändiginiň sebäbini aýan edýär.

Sazşynaslyk ylmy gözleglerde häzirki wagta çenli kino sazyny öwrenmekligiň ýeke-täk usulynyň ýokdugyny belläp geçmek zerur. Her bir alym kino sazyny öwrenmekligiň öz usulyny hödürleýär. Aýratynam henize çenli kino sazynyň ýerine ýetirýän wezipeleriniň netijesine görä ýeke-täk ulgam (klassifikasiýa) hem ýokdur. Dürli döwürlerde kino sazynyň ýerine ýetirýän wezipeleri meselelerine ýüzlenen daşary ýurt alymlary öz ulgam (klassifikasiýa) nazaryýetini döretdiler: ses we keşp gatnaşygy babatda (Eýzenşteýn S., Pudowkin W., Aleksandrow G.), ses sfera teswirini (Andriýewskiý A.), sazyň we şekiliň özara gatnaşygyny (Balaş B., Şeffer P., Lissa Z.) we ş.m.

"Türkmenistana kino sungaty 1901-nji ýylyň 15-nji aprelinde aralaşýar". Eger şol ýyldan göz öňüne tutsak, onda türkmen kino sungatynyň bir asyrdan gowrak taryhy bar diýip bileris.

Türkmen sungatynda kino saz žanrynyň dörän gününden biziň şu günlerimize çenli taryhy ýoluny yzarlamak bilen, kompozitorlyk döredijiliginiň ugry we ekrandaky polisinteziň elementi kinodramaturgiýanyň kadalaryna we kino eseri boýunça režissýoryň konseptual oý-pikirine badalga bermek bilen birlikde, iki sungatyň utgaşdyrylmagy netijesinde saz medeniýetinde ýüze çykan bu ýagdaýyň özboluşlylygyny we aýratynlyklaryny has takyk äşgär edýär.

Döwürleýin yzarlanymyzda türkmen çeper filmleriniň kämillige ýeten döwri 1960-1990-njy ýyllara gabat gelýär. Bu döwürde türkmen hünärmenleri çeper filmleri özbaşdak surata düşürip başlaýarlar. Filmleriň sazlarynda çuň millilik duýlup, kompozitorlar kino saz wezipelerini ýüze çykarmakda dürli usullary giňden peýdalanýarlar. Bu döwürde dörän filmleriň aglabasy kinofestiwallarda baýrakly orunlara mynasyp bolýar.

Türkmen kompozitorçylyk mekdebiniň kerwenbaşysy W.Muhadow çeper filme saz döreden ilkinji türkmen kompozitordyr. Ol 1954-nji ýylda rus kompozitory A.Halminow bilen bilelikde "Çopan ogly" (rež. R. Perlşteýn) atly çeper filmine saz döredýär. Tűrkmen simfoniki sazynyň düýbüni tutujylarynyň biri W.Muhadowyň stiline mahsus bolan häsiýetli ugurlary we aýratynlyklary çeper filmlere döreden sazlarynda-da görmek bolýar.

Rasul Amangeldiyev, Gulnabat Atayeva
(Turkmenistan)

ISSUES OF STUDYING THE HISTORY OF THE EMERGENCE AND DEVELOPMENT OF THE FILM MUSIC GENRE IN TURKMEN ART

The cinema art is one of the most demanded forms of art in modern world culture. Often being a real, full-volume composition, film music consists of hundreds of musical script pages. In the process of developing musicology at the present stage, including in Turkmen musicology, a new field has recently emerged that was not considered as a separate trend in scientific studies, that is the film music genre. Although the film music has not yet been fully studied, it currently causes great interest as a popular genre in the activities of composers, as well as an independent area of composers' creativity.

Расул Амангельдыев, Гульнабат Атаева
(Туркменистан)

ВОПРОСЫ ИЗУЧЕНИЯ ИСТОРИИ ВОЗНИКНОВЕНИЯ И РАЗВИТИЯ ЖАНРА КИНОМУЗЫКИ В ТУРКМЕНСКОМ ИСКУССТВЕ

Киноискусство является одним из наиболее востребованных видов искусства в современной мировой культуре. Зачастую являясь реальным, полнообъёмным произведением, музыка к кинофильмам состоит из сотен партитурных страниц. В процессе развития музыковедения на современном этапе, в том числе, в туркменском музыковедении, совсем недавно возникла новая область, которая ранее не рассматривалась как отдельное направление научного исследования – жанр киномузыки. Несмотря на то, что киномузыка еще не была полностью изучена, она в настоящее время вызывает огромный интерес в качестве востребованного жанра в деятельности композиторов, а также как самостоятельное направление композиторского творчества.

Annagözel Atdaýewa
(Türkmenistan)

GELJEKKI INŽENERLERIŇ YNSANPERWER TAÝÝARLYGYNDA PEDAGOGIKANYŇ ORNY

Türkmenistanyň ykdysadyýetinde ylmy köp talap edýän önümçilikler işjeň ösýär. Bu bolsa ýokary hünär derejesini talap edýän döredijilikli zähmetiň ähmiýetini has ýokarlandyrýar. Şonuň üçin hünär taýýarlyk ulgamynyň esasy wezipesi-geljekki hünärmenlerde häzirki zaman ylmy we tehnologiýalary özleşdirmeklige ymtylmaklygy terbiýelemek. Bilim ulgamynda okatmaklygyň we terbiýe bermekligiň bitewüliginiň netijesi hökmünde hünärmenleriň hünär taýýarlygy amal bolýar.

Ylmy-tehniki ösüşiň häzirki döwründe hünärmen öz ugry bilen baglanyşykly bilimleri we inženerçilik tejribesini örän ýokary derejede özleşdirmeli.Şol wagtyň özünde kämil düşünjeli, ýokary ahlakly, adamkärçilikli hünärmen ýetişdirmek şu günüň wajyp meseleleriniň biri. Ol öz-özünden, ýüzleý garaýyşlaryň esasynda çözüläýjek mesele däl-de, ýörite maksatly iş alyp barmaly meseledir. Şu nukdaýnazardan inženerçilik ýokary okuw mekdeplerinde pedagogika ylmynyň ders hökmünde girizilmegini örän ýerlikli diýip hasap edýäris.

Pedagogikanyň öwrenýän meselesi-jemgyýetiň aýratyn bir wezipesi bolan-adama terbiýe bermek meselesi. Pedagogika-adamyň ösüşiniň ähli döwürlerinde ony terbiýelemek baradaky ylym diýip hasaplanýar.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Hormatly Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň "Älem içre at gezer" eserinde: "...Öz taryhynyň, mertebesiniň, sarpasynyň, namysynyň, geçmişiniň, şu gününiň we geljeginiň hakyky eýeleri boljak nesilleri kemala getirmek.... Nesil terbiýesi... Eger-de mynasyp nesil terbiýeläp ýetişdirseň, mukaddes ojagyň ody hiç haçan öçmez!" diýen sözlerde jemgyýetiň düýpli özgerýän döwründe täzeçe pikirlenýän, gurujy, dörediji, Watany özgerdiji adamlaryň ýetişmeginiň zerurdygy has aýdyň görünýär.

Terbiýäni (terbiýe bermegi) sungatyň ýokary derejesi diýip hasaplaýan rus pedagogikasynyň esaslandyryjysy meşhur pedagog K.D.Uşinskiý tehnologlary, agronomlary, inženerleri, arhitektorlary, lukmanlary, filologlary, matematikleri taýýarlanymyzda olardan terbiýeçileri hem taýýarlamak zerurdygyny belleýär. Terbiýeçileriň sany lukmanlaryň sanyndan az bolman, eýsem olar has köp bolmaly, sebäbi biz lukmanlara saglygymyzy ynanýan bolsak, terbiýeçileriň eline biziň çagalarymyzyň ahlaklylygyny we aňyny ynanýarys, şonuň bilen bir hatarda, biziň Watanymyzyň geljegini hem ynanýarys diýip alym nygtaýar. Şonuň üçin diňe bir mugallymçylyk hünärini ele almaklyga taýýarlanýan talyplar däl, eýsem beýleki hünärleri öwrenýän talyplar, şol sanda inženerler hem pedagogikanyň esaslaryny öwrenseler maksadalaýyk bolar diýip hasap edýäris.

Terbiýäniň ähli ugurlary, taraplary wajyp. Şu ýerde pedagogikanyň özboluşly ugry bolan-ekologiýa terbiýesine ünsi çekesimiz gelýär.

Ekologiýa terbiýesi bu "adam-jemgyýet-biosfera" diýen ulgamyň ýerlikli hereket etmegine esas bolýan öňdebaryjy pikirleri, esasy ylmy düşünjeleri we maglumatlary özleşdirmekligi öz içine alýan ekologiýa medeniýetidir.

Ýokary inženerçilik mekdebiniň uçurymy-inžener-dag-magdan senagatynda, nebit-gaz pudagynda, gazyp alynýan we gaýtadan işleýän, himiýa, energetika, gurluşyk, ýol gurluşyk we ene-de ençeme önümçilikleriň dürli ugurlarynda işlemeli hünärmen. Şol önümçiliklerde esasy ekologiýa töwekgellikleri jemlenen. Gös-göni maddy önümçiliklerde tebigy gurşawyň üýtgemegi bolup geçýär we adamyň oňyn däl täsiriniň netijesinde ony antropogen täsirinden goramak meselesi derwaýys bolup durýar.

Häzirki döwürde daşky gurşawa ýaramaz täsirler has hem ýiti duýulýar we ählumumy häsiýete eýe bolýar. Aýratyn hem bu mesele häzirki döwürde inžener işgärleri üçin has derwaýysdyr, çünki önümçiligiň netijeliligi baradaky köneden

gelýän garaýyşlary täzeden aňlamak we bahalandyrmak, ýagny her bir adamda täze ekologik aňy kemala getirmek zerurlygy ýüze çykýar. Tebigaty goramak meselesini üstünlikli çözmek diňe ekologiýa bilimleriň we ekologiýa medeniýetiniň, esasanam inžener hünärmenleriň arasynda ýokary derejä ýetirilende netije berjekdigi ikuçsyzdyr.

Ýokary tehniki mekdeplerinde ynsanperwer ylymlaryň hatarynda gysga wagtda mynasyp orun tutan pedagogika ylmy aslynda çagalykdan adamda kemala gelen ynsanperwer häsiýetleriň üstüni ýetirer, ösdürer we kämilleşdirer.

Annagozel Atdayeva
(Turkmenistan)

THE ROLE OF PEDAGOGY IN THE HUMANITARIAN TRAINING OF FUTURE ENGINEERS

Education, being an eternal category, arose simultaneously with the birth of society, will exist at all stages of its development and is a special function of society. Pedagogy is the science of educating a person at all age stages of his development.

Teaching pedagogy in humanitarian higher educational institutions is conforming to the law of nature and habitual phenomenon. High technology and digitalization of manufacturing, the widespread introduction of market relations in the country's economy involves the training of highly qualified specialists who are able to think creatively and work in modern conditions of modernization and diversification. At the same time, an integral part of the training of such specialists is raising the level and improving its humanitarian component.In this regard, the introduction of a pedagogy course into higher educational institutions of the country, which graduate not only pedagogical, but also engineering personnel, is reasonable and expedient.

A special place is given to such a direction of pedagogy as the environmental education of future engineers, who will mainly work in the spheres of material production, where there are significant changes in the natural environment and the main environmental risks are concentrated.

Occupying a worthy place in the system of the humanities, pedagogy will complement, enrich and improve those human qualities that were laid down in early childhood.

Аннагозель Атдаева
(Туркменистан)

РОЛЬ ПЕДАГОГИКИ В ГУМАНИТАРНОЙ ПОДГОТОВКЕ БУДУЩИХ ИНЖЕНЕРОВ

Воспитание, являясь вечной категорией, возникло одновременно с зарождением общества, будет существовать на всех ступенях его развития и является особой функцией общества.

Обучение педагогики в гуманитарных высших учебных заведениях является закономерным явлением. Высокая технологизация и цифровизация производства, широкое внедрение рыночных отношений в экономику страны предполагает подготовку высококвалифицированных специалистов, способных творчески мыслить и работать в современных условиях модернизации и диверсификации. Вместе с тем неотъемлимой частью подготовки таких специалистов является повышение уровня и совершенствование ее гуманитарной составляющей. В связи с этим, введение курса педагогики в высшие технические учебные заведения страны является своевременным и целесообразным.

Особое место отводится такому направлению педагогики как экологическое воспитание будущих инженеров, которым предстоит в основном работать в сферах материального производства, где происходят значительные изменения в природной среде и сосредоточены основные экологические риски, тогда как проблема защиты окружаюшей среды от антропогенного воздействия в современных условиях является наиболее актуальной.

Занимая достойное место в системе гуманитарных наук, педагогика дополнит, обогатит и будет совершенствовать те человеческие качества, которые были заложены еще в детстве.

Jahan Babaýewa
(Türkmenistan)

TERJIMEÇILIK IŞINDE PSIHOLINGWISTIKANYŇ ÄHMIÝETI

Psiholingwistika – sözleşiň emele gelmeginiň usullaryny öwrenmekdir. Psiholingwistika – sözleriň, sözlemleriň we sözleriň manysynyň bir pikire birleşip, aňda nädip şöhlelenýändigini öwrenýän lingwistikanyň dersara şahamçasydyr.

Terjimäniň psiholingwistik modeli sözleýiş we akyl ýetiriş işjeňliginiň netijesiniň terjimesine düşünmäge esaslanýar. Sözleýiş işjeňliginiň bir görnüşi hökmünde terjime, bellibir jemgyýetiň agzalary tarapyndan lingwistik alamatlaryň kabul edilmegini üpjün edýän psihologik we fiziologik şertleriň jemi hökmünde adamyň dil ukybynyň ýüze çykmagynyň aýratyn mysalydyr.

Terjime wagtynda islendik diliň leksiki we grammatiki gurluşyna laýyklykda üýtgemeler bolup geçýär, emma semantik mazmuny üýtgemeýär. Ilki bilen, terjime edilen tekstiň dogrulygyna, terjimeçiniň psiholingwistik we aň-ýetiriş derejesiniň, uly täsir edýändigini bellemelidiris. Terjimeçiniň sözleýşi diňläp anyk we çalt kabul edip düşünmegi we ony soňy bilen terjime etmek üçin onuň içinden esasy maglumaty çykaryp bilme başarnygy bolmalydyr.

Terjimeçilik işi esasy iki görnüşde amala aşyrylýar. Olar: ýazuw terjime we dilden terjime. Dilden terjimede: dilden yzygiderli terjime we birwagtlaýyn (sinhron) terjime görnüşlere bölünýär. Psiholingwistik nukdaýnazardan dilden terjime amala aşyrylanda ençeme psihologik we fiziologik, ýagny lingwistik prosesleri bolup geçýär. Bu proseslerin ilkinjisi terjimeçi sözleýşi ýa-da tekstiň bir bölegini eşitmeli; ikinji wajyp meseleleriň biri eşiden maglumatyna düşünmeli we ony öz aňynda ikinji dile terjime etmäge taýynlamaly; üçünji bolsa terjime teksti diňleýjilere düşnükli bolar ýaly beýan etmeli. Terjimeçilik işiniň bu üç tapgyry wajyp we olaryň hemmesi hem terjimeçiden iňňän ýokary derejeli öz işine çemeleşmesini talap edýär. Psiholingwistik jähtden ikinji tapgyryň üstünde has çuňlaşdyrylan görnüşde durup geçeliň. Dilden yzygiderli terjimede ikinji tapgyrda terjimeçi ençeme lingwistik işjeňliklerini amala aşyrýar, ýagny: düşünmek, esasy maglumaty kesgitlemek, kesgitlenen maglumaty terjimä taýynlamak (ikinji dilde sözleri, söz jümlelerini, oňaýly sinonimlerini tapmak). Psiholingwistikanyň ähmiýeti bu lingwistik işjeňlikleriň ählisinde uly orun eýeleýär.

Terjimeçi *düşünmek* prosesinde aň ýetiriş (cognitiv linguistic) we psiholingwistik ukyplaryny işjeň ulanýar. Islendik maglumaty dogry kabul etmek, düşünmek we diňleýjilere beýan etmek terjimeçiligiň zerur şertidir. Bu ýerde terjimeçi kabul eden maglumatyna obýektiw seljerme işini geçirmeli, onuň öz şahsy pikiri bu seljeriş işjeňligine täsirini ýetirmeli däl. Şeýle-de terjimeçilik işinde dil bilmek bu birinji serişdeleriň biri, ikinji zerur serişdeleriň, biri bu gowy ýatkeşlik. Psiholingwistik nukdaýnazaryndan seredeniňde ýatkeşligiň ençeme görnüşi bar. Terjimeçiniň kabul eden maglumatyna hemmetaraplaýyn düşünmegi üçin onuň aktiw (işjeň) ýatkeşligi, passiw (işjeň däl) ýatkeşligi we bilimi ýokary derejede bolmaly.

Düşünmek prosesinden soň terjimeçi *esasy maglumaty kesgitleýär.* Aň ýetiriş lingwistikada we psiholingwistikada söz üsti bilen kabul edilen informasiýadan adam beýnisi belli bolşy ýaly, esasy we goşmaça maglumatlary kabul edip bilýär. Sözleýiş akymyndan esasy maglumaty kesgitläp almak üçin, terjimeçi kabul eden

maglumatynda zerur, esasy, wajyp, möhüm we hökmanylygy boýunça birinji ýerde durýan maglumatlara (sözlere) aýratyn üns bermelidir.

Kesgitlenen maglumaty terjimä taýynlamak (ikinji dilde sözleri, söz jümlelerini, oňaýly sinonimleri tapmak). Kesgitlenen maglumaty diňleýjilere düşnükli görnüşde beýan etmek bu asyl dildaki dil birliklerini terjime dildäki dil birlikleri bilen çalyşmak. Bu ýerde iki diliň manydaş dil birliklerini tapmak we olary terjimede dogry beýan etmekde psiholingwistikanyň we lingwistikanyň orny mese-mälimdir. Mysal üçin:

East or west, home is best (iňlis nakyly)

Towşana dogduk depe (türkmen nakyly)

Terjimeçilik işinde psiholingwistikanyň aýratyn ähmiýeti bar. Terjimeçilik işiniň dowamynda ençeme psiholingwistik işjeňlikleri amala aşyrylýar. Olar: *düşünmek, esasy maglumaty kesgitlemek, kesgitlenen maglumaty terjimä taýynlamak*. Dünýä tejribesinde hem terjimeçiler taýynlananda lingwistikanyň dersara şahamçasy bolan psiholingwistikanyň we aň ýetiriş lingwistikanyň terjimeçilikdäki aýratynlyklary ders hökmünde öwredilýär. Biz hem dünýä tejribesinden nusga alyp terjimeçilik işinde psiholingwistikany aýratyn ders hökmünde öwretsek oňyn netije berer.

Jahan Babayeva
(Turkmenistan)

SIGNIFICANCE OF PSYCHOLINGUISTICS IN INTERPRETING

Psycholinguistics is the study of language processing mechanisms. Psycholinguistics study how word meaning, sentence meaning, and discourse meaning are compound and represented in the mind.

The psycholinguistic model of interpreting is based on the understanding of speech as a verbal and mental activity. Interpreting as a type of speech activity is a special case of the integration of a person's linguistic ability as a set of psychological and physiological conditions that ensure the perception of linguistic signs by members of a certain society.

In interpreting the lexical and grammatical structure changes depending on the language, but the semantic content remains constant. First of all, it should be noted that the degree of adequacy of the interpreted text is greatly influenced by psycholinguistic and cognitive parameters, such as: the accuracy and speed of auditory perception of speech by the interpreter and the adequacy of extracting acoustic information for subsequent encoding it for interpreting.

Джахан Бабаева
(Туркменистан)

ЗНАЧЕНИЕ ПСИХОЛИНГВИСТИКИ В УСТНОМ ПЕРЕВОДЕ

Психолингвистика – это изучение методов обработки речи. Психолингвистика изучает как значение слов, предложения и речь объединяются в единую мысль и отражаются в сознании.

В основе психолингвистической модели перевода лежит понимание перевода как речемыслительной деятельности. Перевод как вид речевой деятельности представляет собой частный случай проявления языковой способности человека как совокупности психологических и физиологических условий, обеспечивающих восприятие языковых знаков членами определенного социума.

При переводе меняется лексико-грамматическая структура в зависимости от языка, а смысловое содержание остается константным. В первую очередь следует отметить, что большое влияние на степень адекватности переводимого текста оказывает психолингвистические и когнитивные параметры, такие как: точность и скорость слухового восприятия речи переводчиком и адекватность извлечения акустической информации для последующего кодирования смысла текста перевода.

Akmyrat Babaýew
(Türkmenistan)

TÜRKMENISTANYŇ ORTA ASYR ŞÄHERLERINDE DEMIR ÖNÜMÇILIGI

Ýazuw çeşmeleri we arheologik maglumatlar orta asyrlarda Türkmenistanda demir önümçiliginiň hünärmentçiligiň giň ýaýran pudaklarynyň biri bolandygyna şaýatlyk edýär. Merwde, Sarahsda, Abywerdde, Şähryslamda, Dehistanda alnyp barylan arheologik barlaglaryň dowamynda magdan eredilende pejiň düýbünde galýan çökündi (şlak) we zerur bolan derejeden pesräk gyzgynlykda eredilenligi sebäpli, garyndylardan doly arassalanmadyk, “крица” diýip atlandyrylýan demir tokgalary köp mukdarda gabat gelýär. Abywerd galasynda magdan eredilýän pejiň ýüze çykarylmagy orta asyrlarda demir önümçiliginiň taryhyny öwrenmekde aýratyn ylmy ähmiýete eýe boldy.

Orat asyr Abywerdiň galyndylary Ahal welaýatynyň Kaka şäherinden 7 km demirgazyk-günbatarda ýerleşýär. 2019–2020-nji ýyllarda onuň şähristanynyň

çäginde geçirilen gazuw-barlag işleriniň dowamynda hünärmentçilik önümçiliginiň birnäçe görnüşleriniň, sol sanda magdan eredip demir alynýan ussahananyň ýerleşen meýdançasynyň üsti açyldy.

Orta asyrlarda magdan eredip demir alynýan pejiň birnäçe görnüşiniň bolandygy mälimdir. Olaryň ýerden gazylan çukuryň içinde we ýeriň ýüzünde daşdan, pahsadan, kerpiçden örülip gurulanlary giň ýaýrapdyr.

Abywerdde üsti açylan peç ýerden gazylan çukuryň içinde gurlupdyr. Onuň içinde ýokarysy biraz daralýan uly keramiki tegelek oturdylypdyr. Tegelegiň daşyna arasyna bişen kerpiçleriň bölekleri goýlan galyň pahsa gatlagy aýlanypdyr. Pejiň agzy ýeriň derejesinden ýokaryk çykarylypdyr. Içinde güýçli oduň ýakylmagy sebäpli, pejiň pahsa diwary gyzaryp, gatapdyr. Peşiň düýbünde 20 sm çemesi galyňlykda şlak galypdyr. Küle garylan şlagyň galyň gatlagy pejiň töweregine hem üýşüpdir. Peçden 3 m çemesi günbatarda owradylyp, agaç kömri bilen garylan magdanyň üýşmegi galypdyr. Magdan eredilýän şeýle peçler güýçli gyzgynlyk zerarly tiz zaýalanýar. Şoňa görä-de, olar ýygy-ýygydan sökülip täzeden gurlupdyr. Gazuw meýdançasynda oda gyzaryp, gatan pahsa bölekleriniň baslygyp ýatmagy bu ýerde hem peçleriň yzygiderli täzelenip durlandygyna şaýatlyk edýär.

Köpetdagdan gadymy döwürlerden bäri demir magdanynyň gazylyp alnandygy mälimdir. Dagyň Aşgabat bilen Gökdepäniň aralygyndaky böleginde geologik gözleg geçirilende uzak wagt hereket eden gadymy magdan alynýan ýerleriň onlarçasy ýüze çykarylýar. Magdan gazylyp alnan şahtalaryň birnäçesi Gökdepäniň günortasyndaky Duşakerekdag gerşiniň günorta eňňidinde bellige alynýar. Olaryň käbiriniň çuňlugy 10 m, giňligi 1–2 m ýetipdir. Abywerdli ussalaryň hem özlerine zerur bolan magdany, ondan 20–25 km aralykda ýerleşýän Köpetdagdan getirendiklerini çaklamak bolar.

Abywerdde öndürilen demir tokgalarynyň bir bölegi daşarky bazarlara ugradylsa, beýleki bölegi ýerli demirçi ussalar tarapyndan taýýar önüm ýasamaga sarp edilipdir. Demirden durmuşda, hojalykda zerur bolan dürli görnüşdäki, örän berk we ulanmaga amatly gural-enjamlar hem-de ýaraglar ýasalypdyr. Abywerde degişli ýönekeý oba görnüşli oturymly mekanlaryň biri bolan Ýartydepede ýüze çykarylan demir önümleriň toplumy görnüşleriniň örän köplügi bilen ünsi özüne çekýär. Ýadygärligiň XII – XIII asyryň başlaryna degişli gatlagyndan tapylan demir gurallaryň hatarynda orak, kätmen, kündäniň ujuna berkidilýän, ýeri agdarýan we joýa çekýän ýerdemirler ýaly ekerançylyk gurallary, durmuşda zerur bolan teşe, gaýçy, gyrkylyk, pyçak, kepgir, susak, zynjyr, dürli halkalar, gapylarda ulanylýan gaňyrçaklar, çüýler, atyň naly ýaly tapyndylaryň we harby ýaraglaryň baý toplumy bu döwürde demir öndürmegiň we demirçilik hünäriniň ýokary derejede ösendigine şaýatlyk edýär. Şonuň ýaly-da, bu arheologik tapyndylar orta asyrlarda Günorta Türkmenistanyň ilatynyň hojalygyny, durmuş ýagdaýny we jemgyýetiň ykdysady gurluşyny öwrenmekde möhüm çeşme bolup durýar.

Akmyrat Babayev
(Turkmenistan)

IRON PRODUCTION IN MEDIEVAL CITIES OF TURKMENISTAN

In the course of the excavations held in medieval city of Abiverd in 2019–2020 for the first time in southern Turkmenistan an iron ore smelter has been discovered.

The stove was built in a pit dug out in the ground. His mouth was raised above the ground. At the base of the furnace there was a slag about 20 cm thick. Craftsmen of Abiverd extracted the ore from the fields 20–25 km far from the Kopetdag.

Whereas some of the iron ore produced was exported to foreign markets, the other part was spent by local craftsmen on the production of several types of necessities of life, household, very robust and wearable utensils as well as military equipment. The Abiverd Metallurgical Workshop is essential for the study of the industrial manufacture of the medieval cities of Southern Turkmenistan, the economy of the population, the living conditions and the economic structure of society.

Акмырат Бабаев
(Туркменистан)

ПРОИЗВОДСТВО ЖЕЛЕЗА В СРЕДНЕВЕКОВЫХ ГОРОДАХ ТУРКМЕНИСТАНА

При раскопках средневекового города Абиверд в 2019–2020-х годах в Южном Туркменистане впервые обнаружена сыродутная печь для производства железной руды.

Печь была оборудована в яме, выкопанной в земле. Её отверстие возвышается над землей. На дне печи даже остался шлак толщиной около 20 см. Абивердские мастера добывали руду в шахтах Копетдага, в 20–25 км от города.

В то время как часть полученной железной массы вывозилась на внешние рынки, другая часть использовалась местными мастерами в производстве различной необходимой бытовой и хозяйственной утвари, различного оборудования, военного снаряжения. Абивердская металлургическая мастерская имеет важное значение для изучения промышленного производства в средневековых городах Южного Туркменистана, хозяйственной деятельности населения, условий жизни и экономической структуры общества.

Aýnabat Babaýewa, Bahar Mämmedowa
(Türkmenistan)

MILLI NAGYŞLARY ŞÖHLELENDIRÝÄN TÜRKMEN BAŞGAPLARY

Türkmen zenanlary milli nagyşlar bilen lybaslarymyzyň dürli görnüşlerini bezäpdirler. Nagyş etmekde gelin-gyzlarymyz özlerine mahsus bolan usuly saýlap alypdyrlar. Çeper elli gelin-gyzlar nagyş etmegiň täsin görnüşlerini tapyp, reňkleri sazlaşykly utgaşdyryp, olary sünnäläp matanyň ýüzüne geçirmekligi başarypdyrlar. Şonuň netijesinde hem milli nagyşlarymyz edil haly, keçe, nakgaşçylyk senetlerinde bolşy ýaly egin-eşiklerimiziň, aýratynam başgaplaryň dürli görnüşlerinde öz beýanyny tapypdyr.

Türkmen zenanlary tarapyndan döredilen milli nagyşlarymyzyň her biri halkymyzyň taryhy döwürleri bilen berk baglanyşyklydyr. Ony ýurdumyzyň çäginde bar bolan taryhy arhelogiýa we etnografiýa maglumatlary-da tassyklaýar. Mysal üçin, pişme we haç görnüşindäki nagyşlar Göksüýri we Änew medeniýetleriniň, tolkun, labyr görnüşli nagyşlar Parfiýa döwletiniň, üçburçluk görnüşindäki nagyşlar gadymy bürünç asyrynyň, S görnüşli, gözenek-gözenek nagyşlar orta asyryň şekillendiriş sungatynda uly orun alandygy baradaky maglumatlar alymlaryň işlerinde bellenilip geçilýär.

Türkmen nagyşlarynda geometrik şekilli nagyşlar pişme, romb, üçburç we tegelek görnüşli bolup, olar nagyşçylyk sungatynyň gadymy görnüşleri hasaplanylýar. Geometrik şekilli nagyşlar el işlerinde “alaja”, “egrem”, “pişme”, “atanak”, “haç” we ş.m atlary bilen giňden ulanylýar. Bu nagyşlar türkmeniň tahýa başgabynyň bezeginde uly orun alypdyrlar.

Milli nagyş sungatymyzda ösümlik dünýäsi aýratyn orny eýeläpdir. Keşdeçi zenanlar gülleýän ösümlikleri janly tebigatda görüşleri ýaly şekillendirmegi başarypdyrlar. Nagyşlarda ösümlik şekilleri çynar ýapraklaryň, çigildem gülleriň, çyrmaşyk gülleriň, daraglaryň görnüşi bilen beripdir. “Gýlýaýdy”, “bugdaý”, “erik gül”, “bäş gül”, “pytda”, “dagdan” ýaly beýleki ençeme nagyşlar ösümlikler dünýäsi bilen bagly döredilendir. Ösümlik şekilli nagyşlar çaga başgaplarynyň dürli görnüşlerinde, tahýalarda, aýratynam, zenanlaryň başatgyçlarynda has köp duş gelinýär. Milli nagyş sungatynda ösümlik nagyşlar bilen bezemek däbi ýöne ýerden däldir. Bu däp yslam dininden öňki hasyllylyk kulty – aýal hudaýyna çokunmak, tebigatyň täzeden janlanyşy ýaly dini garaýyşlar bilen berk baglanyşyklydyr. Hasyllylyk kultlarynyň gadymy yzlarynyň Margianada, Horezmde, Sogdda,

Toharystanda we Orta Aziýanyň beýleki etraplarynda saklannadygyny taryhy çeşmeler tassyklaýarlar.

Türkmen nagyşlarynda haýwanat dünýäsi hem giňden öz beýanyny tapýar. Zoomorf häsiýetli nagyşlaryň içinde ýylanyň şekilini alamatlandyrýan nagyşlar el işleriniň dürli görnüşlerinde giňden ulanylypdyr. Bu nagyşlaryň içinde ýylanyň keşbini alamatlandyrýan nagyşlar has köp ulanylyp, olar halk arasynda "ýylana gök", "ýylanöwek", "alaja", "alagowurdak" diýip atlandyrylyp milli başgaplarymyzyň köpüsine keşdelenipdir. Taryhçylaryň maglumatlaryna görä, Türkmenistanyň çäginde ýylanyň kulty, eýýam eneolit we bürünç asyrynda ýüze çykýar we onuň şekili irki döwrüň keramika önümlerinde duş gelýär hem-de bu şekil nagyş sungatynda hem ösdürlýär.

Aynabat Babayeva, Bahar Mammedova
(Turkmenistan)

NATIONAL PATTERNS EMBODIED IN TURKMEN HAT GEARS

Turkmen women decorated various types of national clothes with patterns. They chose their own pattern style. Skillful Turkmen women selected unique patterns that harmoniously combined colors and transferred them to the surface of the fabric. As a result, our national patterns are reflected in various types of clothing, especially in hats.

Айнабат Бабаева, Бахар Маммедова
(Туркменистан)

НАЦИОНАЛЬНЫЕ УЗОРЫ, ВЫШИТЫЕ НА ТУРКМЕНСКИХ ГОЛОВНЫХ УБОРАХ

Туркменские женщины украшали узорами различные виды национальных одежд. Они сами выбирали необходимый вид узора. Умелые туркменские женщины подбирали уникальные узоры, гармонично сочетающиеся расцветкам и переносили их на ткань. В результате наши национальные узоры нашли отражение в различных видах одежды, в частности, в головных уборах.

Annagül Babaýewa
(Türkmenistan)

TÜRKMEN EGIN-EŞIGINIŇ TARYHYNDAN

Egin-eşikler we şaý-sepler maddy medeniýetimiziň esasy bölegi bolup, onda asyrlaryň dowamynda türkmenleriň däp-dessurlary durnukly saklanyp galypdyr. Egin-eşigiň hem öz taryhy bar. Köp taryhy çeşmelerden çen tutsak, türkmenleriň özboluşly geýniş medeniýetleri bolupdyr. Orta Aziýanyň milli eginbaşlaryna bolan içgin gyzyklanma Beýik Ýüpek ýolunyň täsiri bilen XI–XII asyrlarda başlanýar. Türkmen halkynyň milli etnogeneziniň egin-eşikleri hakynda maglumatlaryň az bolmagy şol döwürleriň syýasy ýagdaýlary bilen baglydyr. Taryhy maglumatlara görä, türkmenler Orta Aziýanyň dürliçäklerinde (territoriýalarynda) ýaşap, beýleki milletler bilen garyşypdyrlar. Şol sebäpden orta asyrlar döwrüniň türkmen lybaslary öwrenilende, türkmenleriň ýaşan ýerlerine (territoriýasyna) baglylykda ýerli ilatyň medeni täsirleri hem göz öňüne tutulýar. Şu esasdan etnograf alymlar milli lybaslary etnogeneze görä öwrenipdirler.

Rus etnograf alym N. Lobaçýowa orta aziýalylaryň milli lybaslaryny etnogeneze görä öwrenip, olaryň egin-eşiklerinde özara umumylygy bolan halklary üç topara bölýär. Olaryň birinjisine özbekler bilen täjikler, ikinjisine türkmenler, üçünjisine gyrgyzlar, gazaklar we garagalpaklar degişli bolupdyr. Rus etnograf alym G. Wasilýewa "Türkmenleriň maddy medeniýeti we amaly-haşam sungaty" atly ylmy işinde türkmenleriň egin-eşiklerini deňeşdirme usulynda öwrenip, bu üç topara degişli bolan halklaryň egin-eşiklerindäki umumylygy olaryň taryhy we medeni ösüşiniň deň-derejede ösendigi bilen düşündirýär. Muňa garamazdan türkmenler asyrlar boýy diňe öz halkyna mahsus bolan daşky eginbaşlarynyň özboluşlylygyny saklap gelipdirler. Bu, esasanam, ýurdumyzyň Günorta bölegindе ýaşaýan türkmen zenanlarymyzyň daşky egin-eşiklerinde we başgaplarynda görünýär. Gadymy Merwde arheologlar tarapyndan tapylan gyzyl reňkli ýüpek mata bölegi türkmen gelin-gyzlarymyzyň milli köýneginiň reňkinde bolup, ol öz taryhyny biziň eýýamymyzyň I asyryndan alyp gaýdýar.

Alym Gahryman Arkadagymyz "Türkmen medeniýeti" atly kitabynda: "Beýik Seljuk döwletiniň gülläp ösen zamanasynda, esasanam, XI–XII asyrlarda dokalan kazyn, mülham, adras, daraýy, keteni, mollaýy, parawuz ýaly berk we nepis dokalan yüpek matalardan örän mertebeli we owadan milli egin-eşikler tikilipdir" diýlip, türkmen milli lybaslaryň taryhda şöhratly yzy galandygy bellenilýär.

Türkmenlerde egin-eşikleriň tire aýratynlyklaryndan başga-da, eginbaşlardaky umumy meňzeşlik olaryň goňşy halklar bilen ýakyndan aragatnaşykda bolandygyny görkezýär. Bu meňzeşlik, esasanam, XIX asyryň başlarynda Hazar deňziniň günorta-günbatar ýakalarynda Eýran ýurdy bilen goňşuçylykda ýaşan

türkmenleriň eginbaşlarynda görünýär. Mysal üçin, erkek adamlaryň "Kürt biçim" biçüwde tikilen öňi açyk ýeňil dony uzynlygy we giňligi boýunça hemde donuň aşaky iki gapdalyndaky uzyn dilik edilip biçilmeginde azerbaýjan we eýran halklarynyňky bilen umumy meňzeşligi bar. Emma türkmenleriň ýeňil dony "tünik" görnüşde, ýagny göni biçilenligi üçin agzalan halklaryň donlaryndan tapawutlanýar. Öňi açyk bu ýeňil dony XIX asyryň ahyrlarynda Hazar deňziniň kenarýakalarynda, şeýle hem çöllükde maldarlarçylyk bilen meşgullanýan ýomut türkmenler geýipdirler.

Ýurdumyzyň Günbatar tarapynda ýaşaýan türkmenleriň Kawkaz ýurtlary bilen dowamly medeni we söwda aragatnaşyklary olaryň egin-eşiklerine we şaýseplerine öz täsirini ýetiripdir. Esasanam, bu täsir Hazar şäheriniň ýerli ilatynyň egin-eşiklerinde görünýär. XIX asyryň ahyrlarynda XX asyryň başlarynda Hazar deňizýakalarynda we Hazar şäherinde ýaşaýan ýaş oglanlaryň we erkek adamlaryň köýnekleri manžetli ("ýeňsapyly") we oturdylan "serpme ýakaly" tikilipdir. Hazar deňizýaka türkmen zenanlarynyň "tunik" görnişli, bili inçelip gidýän, ýeňi tirsege ýetip duran öňi açyk gysga tikilen "çabyt" donuň taryhy yzlary orta asyrlardan gaýdýar. Orta asyr pars we ermeni miniatýuralary esasynda Alynky Aziýa we Kawkaz ýurtlarynyň käbir halklarynda türkmenleriň "çabyt" donuna meňzeş eşikleriň XV–XVI asyrlarda duş gelýändigi bellenilýär.

Türkmenleriň egin-eşikleriniň taryhyny öwrenmek bilen häzirki döwrebap egin-eşiklerde gadymy türkmen däp-dessurlarynyň saklanyp galandygyny yzarlaýarys. Ene-mamalarymyzdan miras galan türkmen milli egin-eşikleriň gadymy nusgasy bilen döwrebap modasynda döredilýän milli egin-eşikler türkmenleriň geýinmek medeniýetini has-da ýokarlandyrýar.

Annagul Babayeva
(Turkmenistan)

FROM THE HISTORY OF TURKMEN CLOTHING

Clothes and jewelry are the main part of our material culture, in which the traditions of Turkmen have been preserved for centuries. Clothes also have their own history. According to many historical sources, Turkmens had unique clothing cultures. The intense interest in Central Asian nationalities begins with the influence of the Great Silk Road in the XI–XII centuries. Lack of information about the national ethnogeography of the Turkmen people is connected with the political situation of those times. According to historical data, Turkmens lived in different territories of Central Asia and mixed with other nations. Therefore, when studying Turkmen costumes of the Middle Ages, depending on the territory where Turkmen lived, the cultural influences of the local population are also taken into account.

By studying the history of Turkmen clothes, we trace the preservation of ancient Turkmen traditions in modern clothes. National clothes, which are created in modern fashion with the ancient model of Turkmen national clothes inherited from our parents, enhance the culture of Turkmen clothing.

Аннагуль Бабаева
(Туркменистан)

ИЗ ИСТОРИИ ТУРКМЕНСКОЙ ОДЕЖДЫ

Одежда и украшения – основная часть нашей материальной культуры, в которой на протяжении веков сохраняются туркменские традиции и обычаи. Одежда тоже имеет свою историю. Согласно многим историческим источникам, туркмены обладали уникальной культурой одежды. Повышенный интерес к национальным костюмам народов Средней Азии начинается с времени функционирования Великого Шелкового пути в XI–XII веках. Недостаток информации о самобытной одежде туркменского народа связана с политической ситуацией того времени. Туркменский народ в течение длительного времени осваивал многие территории, расселяясь на огромных территориях и поэтому при изучении наших национальных костюмов необходимо учитывать и культурные влияния местного населения.

Изучая историю туркменской одежды, мы прослеживаем сохранение древних туркменских традиций и в современной одежде. Национальный костюм, созданный в современном стиле по старинным образцам туркменской национальной одежды, повышает к ней интерес во всем мире.

Nazarmämmet Bäbişow, Aziz Hasanow
(Türkmenistan)

MILLI PEDAGOGIKANYŇ TARYHYNDA MAGTYMGULYNYŇ ORNY

Nesil terbiýesi türkmen halkynyň asyrlarboýy esasy üns berýän meselelerinin biridir. Halkymyzyň edep-ekram, görüm-görelde, ata-enäni hormatlamak, ýaşulyny sylap, ýaşkiçini söýmek ýaly edim-gylymlary, milli däp-dessurlary asyrlardan aşyp, kämilleşip, şu günlerimize gelip ýetipdir. Ata-babalarymyzyň milli mirasyny ynamly nesillere tabşyrmak halk pedagogikasynyň esasy maksady bolup durýar. Şunda halkymyzyň aňynda, ynam-ygtykadynda öçmejek yz galdyran beýik akyldarymyz – Magtymguly Pyragynyň döredijiliginiň, durmuş ýolunyň, belent ynsanperwerlik

ýörelgesiniň ähmiýeti örän uludyr. Onuň döredijiligi halkyň ruhy galkynyşynyň, adaty durmuş hakykatlarynyň, ýaşaýyş pelsepesiniň, duýgy dünýäsiniň we häsiýet aýratynlyklarynyň özboluşly beýany bolmak bilen, halk pedagogikasynyň taryhyna altyn harplar bilen ýazylýar. Başgaça aýdanymyzda, Magtymguly Pyragy türkmen halky üçin öz zamanasynyň täzeleniş ruhudyr. Hut şu nukdaýnazardan hem milli pedagogikanyň taryhynda akyldaryň tutýan orny örän uludyr. Çünki islendik adam Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde öz ruhy dünýäsine, psihologik aýratynlygyna jogap tapyp bilýär. Pyragynyň döredijiligi söýgi, ylym-bilim, jemgyýetçilik kadalary, azgybirlik, mertlik, myhmansöýerlik, kanagatlylyk ýaly adamlaryň dünýägaraýyş dürlüligine, häsiýet aýratynlygyna görä terbiýelemek ukybyna eýedir. Bu bolsa ýaş ýetginjekden başlap ähli ýaşdaky adamlaryň durmuş hakykaty bilen baglanyşyklydyr. Mysal üçin, Magtymgulynyň döredijiliginde ýaş ýetginjek üçin bilim amaga höwes, şeýle-de yşka ugranda çäklilik we ahlak kadalary beýan edilýän bolsa, ýigitlik çagynda jemgyýetde özüňi alyp barmaga, mertlige, gaýratlylyga uly itergi berilýär. Uly ýaşdaky adamlar üçin il-ýurda peýdaly bolmak, adalatlylyk, sahylyk, ýardamlaşma ýaly ynsanperwerlik düşünjelerine höwes döredilýär, şeýle-de jemgyýetde halanmaýan namartlyk, zalymlyk, gybatkeşlik, diýdimzorluk ýaly häsiýetler ýazgarylýar. Şonuň üçin akyldaryň dörän asyrynyň – XVIII asyryň taryhyny, adamlaryň ruhy ahlak häsiýetlerini öwrenmekde onuň döredijiliginiň uly ähmiýeti bardyr.

Gahryman Arkadagymyz “Ynsan kalbynyň öçmejek nury” atly kitabynda “Ajaýyp şygyrlary bilen ynsan kalbyny ýagşylyk nuruna bezän türkmeniň akyldar ogly Magtymguly Pyragynyň mertebesi türkmen halky üçin iň belentde goýulýan mukaddesliklerin biridir” diýip belleýär. Bu ajaýyp pikirde türkmen halkynyň Magtymguly Pyragy söýgüsiniň, sylag-sarpasynyň hiç wagt ähmiýetini ýitirmejek gymmatlykdygy beýan edilýär. Hakykatdan hem her bir türkmen maşgalasynda Magtymguly Pyragydan habarsyz adam ýok bolsa gerek. Wenger alymy A.Wamberi öz ýazgylarynda türkmen halkynda Magtymgulynyň kitabynyň Gurhandan soňra mukaddes kitap saýylýandygy dogrusynda maglumatlar beýan edipdir. Bu bolsa islendik döwürde hem akyldaryň terbiýeçilik güýjüniň täsiriniň uly boljakdygyny subut edýär. Oňa goýulýan sylag-hormatyň derejesi bolsa milli pedagogikanyň taryhynda uly ähmiýete eýe bolmak bilen, häzirki wagtda bolşy ýaly, geljekde hem öz miwesini berjekdigi durmuş hakykatydyr. Ýagny, Magtymguly Pyragy türkmen halkynyň ägirt, görnükli terbiýeçisidir.

Nazarmammet Babishov, Aziz Hasanov
(Turkmenistan)

PLACE OF MAGTYMGULY IN THE HISTORY OF NATIONAL PEDAGOGY

Education of generation is one of the main issues that the Turkmen people have been paying attention for centuries. The traditions, customs, ethical principles of our people such as honouring parents, respecting elderly and loving the younger, passing through ages, have been preserved to present time and improved in our days. The main goal of folk pedagogy is upbringing the young people based on the national heritage of our ancestors. In this regard, the creativity of our outstanding thinker –Magtymguly Pyragy, who left indelible mark in the history of national pedagogy, his way of life, and the noble principle of humanism are very important. In other words, Magtymguly Pyragy is a renewal spirit of his time for the Turkmen people. From this point of view, the role of the thinker in the history of national pedagogy is very significant. Because any person can find answer to his spiritual world and psychological characteristics in Magtymguly Pyragy's work. Thus, Magtymguly Pyragy is a great, prominent educator of the Turkmen people.

Назармаммет Бавишов, Азиз Хасанов
(Туркменистан)

РОЛЬ МАХТУМКУЛИ В ИСТОРИИ НАЦИОНАЛЬНОЙ ПЕДАГОГИКИ

Воспитание – один из главных вопросов, которому туркменский народ всегда уделял большое внимание. Обычаи и традиции нашего народа, такие как почитание родителей, уважение к старшим и снисходительность к младшим совершенствовались на протяжении многих столетий и дошли до наших дней. Передача национального наследия предков будущим поколениям – главная цель народной педагогики. В этом плане весьма важны творчество, жизненный путь, идеалы гуманизма, завещанные великим мыслителем Махтумкули Фраги, который оставил немеркнущий след в истории национальной педагогики. Иными словами, великой поэт являет собой для туркменского народа дух вечного обновления. В данном контексте на первый план выходит роль мыслителя в истории национальной педагогики, потому что в творчестве Махтумкули любой человек может найти ответ, созвучный своему внутреннему мир и психотипу.

Jumamurat Baltaýew, Gurbangül Jumadurdyýewa
(Türkmenistan)

RUS EDEBIÝATY SAPAKLARYNDA TALYPLARA EKOLOGIK BILIM WE TERBIÝE BERMEGIŇ DÖWREBAP USULLARY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ekologiýa we daşky gurşawy goramak meselesi ýurdumyzyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan möhüm ugurlarynyň birine öwrüldi. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň taýsyz tagallalary netijesinde tebigat bilen jemgyýetiň arasyndaky sazlaşygy, tebigatyň köpdürlüligini saklamak, diýarymyzy bagy-bossanlyga öwürmek babatda ýurdumyzda bimöçber işler amala aşyrylýar.

Häzirki zaman şertlerinde dünýä möçberinde ekologik bilim we terbiýe bermegiň esasynda adamlarda, aýratynam ýaş nesilde ekologik düşünjäni, dünýä-garaýşy we medeniýeti kemala getirmek derwaýys durmuş meselesi hökmünde orta çykdy. Edebiýat adamzat jemgyýetiniň, ynsan durmuşynyň sosial-ykdysady, taryhy-medeni, ruhy-ahlak meselelerini, gymmatlyklaryny hemmetaraplaýyn şöhlelendirýän we olary adamsöýüjilik nukdaýnazardan içgin derňeýän beýik sungatdyr. Edebiýat sapaklarynda ekologik temada ajaýyp eserlerini döreden ýazyjy-şahyrlaryň döredijiligini içgin öwrenmek talyplarda ekologik düşünjäni, medeniýeti, pikirlenişi terbiýelemekde aýratyn ähmiýete eýedir. Bu babatda talyp ýaşlara rus edebiýaty sapaklarynda ekologik bilim we terbiýe bermegiň döwrebap usullaryny peýdalanmagyň oňyn netijeleri berýändigini tejribe görkezýär.

Rus edebiýatynyň taryhy ösüşiniň dürli döwürlerinde ekologik meseleler taryhy şertlere görä, ýazyjy-şahyrlaryň döredijilik özboluşlylygyna baglylykda ýüze çykyp, öz çeper şöhlelenmesini tapdy. Meselem, gadymy rus edebiýatynyň naýbaşy eserleriniň biri bolan “Igoryň ýörişi hakynda kyssa” eserinde tebigat özboluşly çeper hyzmaty ýerine ýetirýär. Bu eserde tebigat janlandyrma edebi usuly arkaly suratlandyrylyp, ol adama mahsus häsiýetler bilen hereket edýär. Tebigat eseriň baş gahrymany Igoryň ýowuz ykbalynyň hesretli pursatlaryna seslenip, rus knýazynyň gynanan ýerinde gynanyp, azatlyga çykanda bolsa, onuň bilen deň şatlanyp bilýän özboluşly gahrynman hökmünde çykyş edýär. Bu bolsa ynsan bilen tebigatyň arasyndaky baky aýrylmaz ruhy baglanyşygy çeper, täsirli şöhlelendirýär.

Tebigatyň, tebigat hadysalarynyň çeper şöhlelenmesi aýratynam XIX asyr rus edebiýatynyň ýazyjy-şahyrlarynyň eserlerinde has aýdyň ýüze çykýar. Muňa mysal edip, beýik rus ýazyjysy M.Ý. Lermontowyň “Biziň zamanamyzyň gahrymany” atly romanynda tebigatyň özboluşly teswirlenen çeper keşbini görkezmek bolar. Bu eserde tebigat hadysalary, peýzaž eseriň baş gahrymany Grigoriý Peçoriniň çylşyrymly, gapma-garşylykly gylyk-häsiýetini çuňňur we hemmetaraplaýyn açyp

görkezmegiň serişdesi hökmünde ulanylýar. Meselem, Peçorin bilen Gruşniskiniň arasynda bolup geçen pajygaly duelden soň, baş gahrymanyň başdan geçirýän hasratly ruhy ahwalatyny ýazyjy ussatlyk bilen tebigat hadysalarynyň üsti bilen açyp görkezýär.

Tebigatyň çeper keşbi bilen ekologik meseleleriň gönüden-göni çuňňur baglanyşygy XX asyr rus edebiýatynda bütin aýdyňlygy bilen ýüze çykýar. M.Prişwin, K.Paustowskiý, W.Astafýew, Ý.Nagibin, W.Rasputin ýaly ýazyjylaryň döredijiliginde möhüm ekologik meseleler orta atylýar. Olarda ýazyjylar tarapyndan çuňňur filosofik, psihologik, ruhy-ahlak gymmatlyklar baradaky oý-pikirler adamyň tebigata ýetirýän ýaramaz täsiri, zyýany hakynda gürrüň berýän wakalaryň üsti bilen hemmetaraplaýyn açylyp görkezilýär. Muňa mysal edip, M.Prişwiniň "Günüň hazynasy", K.Paustowskiýniň "Kara-bogaz", W.Astafýewiň "Şa balyk", A.Platonowyň "Näbelli gül", W.Pasputiniň "Matýora bilen hoşlaşyk" ýaly nusgawy eserlerini görkezmek bolar. Bu eserlerde tebigat bilen adamyň arasyndaky gatnaşyklar, tebigaty aýawly gorap saklamak, onuň bilen sazlaşykly ýaşamak, sazlaşygyň ýiten ýagdaýynda nähili pajygaly hadysalara duçar bolunýandygy baradaky çuňňur pelsepewi we ynsanperwer oý-pikirler öz şöhlelenmesini tapypdyr.

Edebiýat sapaklarynda ekologik meseleler bilen baglanyşykly eserler geçilende, talyplaryň duýgularyna täsir etmek maksady bilen dürli döwrebap usullaryň ulanylmagy oňyn netijeleri berýär. Mysal üçin, çeper eserlerde teswirlenýän tebigat we durmuş hadysalaryny şöhlelendirýän illýustrasilaryň, audio-wideo ýazgylaryň, tanymal suratkeşleriň çeken suratlarynyň, prezentasiýalaryň we ş.m. görkezilmegi talyplaryň aňynda geçilýän temanyň ýatda galyjylygyny, täsirligini artdyrýar.

Edebiýat sapaklarynda şu zeýilli ýokary çeperçilik ussatlygy bilen ýazylan eserler öwrenilende, mugallym talyplaryň kalbynda daşymyzy gurşap alan gözel tebigata bolan çäksiz söýgini, ony gorap saklamaklyk, geljek nesillere miras galdyrmaklyk bilen baglanyşykly şahsy jogapkärçilik duýgusyny terbiýelemäge çalyşmalydyr.

Jumamurat Baltayev, Gurbangul Jumadurdyyeva
(Turkmenistan)

MODERN APPROACH TO ENVIRONMENTAL EDUCATION AND TRAINING OF STUDENTS IN THE COURSES OF RUSSIAN LITERATURE

In the Epoch of the Revival of the New Era of Powerful State, under the wise leadership of our Esteemed President Serdar Berdimuhamedov, a lot of work is being implemented on environmental education and training of the younger generation.

In this scientific work, the question of the effectiveness of the use of modern approaches, methods, techniques and educational technologies in the courses of Russian literature through study of Russian literary works, in which the problems of ecology, the relationship between man and nature have found their artistic reflection, is considered.

Джумамурат Балтаев, Гурбангуль Джумадурдыева
(Туркменистан)

СОВРЕМЕННЫЙ ПОДХОД К ЭКОЛОГИЧЕСКОМУ ОБРАЗОВАНИЮ И ВОСПИТАНИЮ СТУДЕНТОВ НА ЗАНЯТИЯХ ПО РУССКОЙ ЛИТЕРАТУРЕ

В эру Возрождения новой эпохи могущественного государства под мудрым руководством Уважаемого Президента Сердара Бердымухамедова проводится большая работа по экологическому образованию и воспитанию молодого поколения.

В данной научной работе рассматривается вопрос об эффективности использования современных подходов, способов, приемов и образовательных технологий на занятиях по русской литературе при изучении произведений русской литературы, в которых нашли прекрасное художественное воплощение проблемы экологии, взаимоотношений человека и природы.

Agamyrat Baltaýew
(Türkmenistan)

TÜRKMEN ALABAÝYNYŇ ÝASYDEPE ARHEOLOGIÝA ÝADYGÄRLIGINDEN TAPYLAN HEÝKELI

Soňky ýyllarda Beýik Ýüpek ýolunyň ugrunda ýerleşýän ýadygärliklerden türkmen alabaýynyň taryhyna degişli tapyndylar ýüze çykarylýar. Beýik Ýüpek ýolunyň Amul-Köneürgenç şahasynyň ugrunda, Türkmenabat şäherinden 13 km demirgazykda ýerleşýän Lebap welaýatynyň Çärjew etrabynyň Ýasydepe obasynda geçirilen etnografiýa gözleg saparynyň dowamynda obanyň çäginde ýerleşýän Ýasydepe arheologiýa ýadygärliginden türkmen alabaýynyň toýundan ýasalan heýkeli tapylyp, ylmy barlaga çekildi. Heýkel şu obadaky 11-nji orta mekdebiň taryh mugallymy R.Durnazarowyň döreden muzeýinde saklanýan eken. Heýkeli 2020-nji ýylda oba ýaşaýjylary güýçli ýagyn zerarly ýadygärligiň opurylan böleginden tapypdyrlar.

Heýkeliň beýikligi 4 sm, ini 2,5 sm, uzynlygy: umumy göwresiniňki – 6 sm, boýununyňky – 1,5 sm, öňki sag aýagynyň döwülmän galan böleginiňki – 1 sm, yzky sag aýagynyň döwülmän galan böleginiňki – 1,2 sm şeýle hem tumşugynyň giňligi 1 sm. barabar. Heýkelde ýanygyň yzynyň bolmagy, ýadygärlikde ýaşaýyş dowam eden döwründe haýsydyr bir sebäbe görä, güýçli ýangynyň dörändigi bilen bagly bolmagy mümkin.

Arheologiýa depesiniň biziň günlerimize çenli saklanyp galan gurluşy süýri, üsti nädogry tegelek görnüşinde bolandygy sebäpli, oba ilaty ony "Ýasydepe" diýip atlandyrypdyrlar. Arheologiýa depesiniň üstüniň ölçegi ini 90, uzynlygy 100 metre barabar. Ýadygärlik adybir obanyň gündogar-günortasynda ýerleşýär. Ýasydepede akademik M.Ý.Masson, T.Hojanyýazowyň S.Hemragulyýew, G.Gutlyýew, A.Saparberdiýew, W.Plipko, K.Kaçuris, I.Masimow ýaly alymlar gözleg işlerini geçiripdirler. 1990-njy ýyllarda Ýasydepede arheolog A.Burhanow tarapyndan arheologiýa barlag çukurlary gazylýar. Geçirilen arheologiýa barlaglaryň esasynda tapylan gymmatlyklar Ýasydepede X – XIII asyrlarda ýaşaýşyň gülläp ösendigini tassyklaýar. Şoňa görä-de, türkmen alabaýynyň täze ýüze çykarylan heýkeliniň ýaşyny hem X – XIII asyrlar bilen senelemek bolar.

Ýasydepe ýadygärliginden tapylan türkmen alabaýynyň heýkeli öňki ýüze çykarylan arheologiýa gymmatlyklaryň üstüni ýetirdi. Heýkel tehnologiýa taýdan kämilligi, şeýle hem çeperçilik taýdan alabaýyň keşbini has aýdyň we owadan şekillendirendigi bilen ýurdumyzda häzirki wagta çenli ýüze çykarylan türkmen alabaýynyň heýkelleriniň arasynda iň gowularynyň biri hasaplamak bolar.

Bu heýkel häzirki wagtda Lebap welaýat Taryhy-ülkäni öwreniş muzeýinde köpçülige görkezmek üçin sergi edildi.

Agamurat Baltayev
(Turkmenistan)

CLAY FIGURINE OF TURKMEN ALABAY FOUND AT THE ARCHAEOLOGICAL SITE OF YASY-DEPE

In recent years, archaeological sites located along the routes of the Great Silk Road have increasingly revealed finds related to the history of the Turkmen Alabay. A figurine depicting an Alabay was found on the Yasy-Depe monument, located in the village of Yasy-Depe, Charjev etrap, Lebap velayat, 13 km north of the city of Turkmenabat, on the Amul-Koneurgench branch of the Great Silk Road.

The height of the figurine is 4 cm, the width is 2.5 cm, the length of the body is 6 cm, the neck is 1.5 cm, the preserved right front leg is 1 cm, the preserved right hind leg is 1.2 cm.

In different years, the archaeological site, the dimensions of which are 100 m in length and 90 m in width, was studied by M.E. Masson, T. Khodzhaniyazov, S.Khamrakulov, G. Gutlyev, A. Saparberdyev, V. Pilinko, K. Kachuris, I. Masimov. Archaeological finds here indicate that life flourished in X–XIII centuries. Based on these data, it is quite appropriate to assume that the age of the discovered Alabai figurine at the mentioned monument can be dated back to the 10th–13th centuries.

The clay figurine is one of the best images of a Turkmen dog among those found in previous years in the country due to the perfection of manufacturing technology, as well as a clearer and highly artistic depiction of the Alabai's exterior.

Currently, this find is on display at the Museum of History and Local Lore of Lebap Velayat.

Агамурад Балтаев
(Туркменистан)

ГЛИНЯНАЯ ФИГУРКА ТУРКМЕНСКОГО АЛАБАЯ, НАЙДЕННАЯ НА АРХЕОЛОГИЧЕСКОМ ПАМЯТНИКЕ ЯСЫ-ДЕПЕ

В последние годы на археологических памятниках, расположенных на трассах Великого Шёлкового пути, всё чаще выявляются находки, имеющие отношение к истории туркменского алабая. Фигурка, изображающая алабая, была найдена на памятнике Ясы-депе, находящегося в селе Ясы-депе Чарджевского этрапа Лебапского велаята, что в 13 км к северу от города Туркменабат, на Амуль-Куняургенчском ответвлении Великого Шелкового пути.

Высота статуэтки равна 4 см, ширина 2,5 см, длина туловища – 6 см, шеи – 1,5 см, сохранившаяся в целости правая передняя нога – 1 см, сохранившаяся правая задняя нога – 1,2 см.

В разные годы археологический объект, размеры которого составляют в длину 100 м., в ширину 90 м., исследовался М.Е.Массоном, Т.Ходжаниязовым, С.Хамракуловым, Г.Гутлыевым, А.Сапарбердыевым, В.Пилипко, К.Качурисом, И.Масимовым. Археологические находки свидетельствуют о том, что жизнь здесь процветала в X–XIII веках. Исходя из этих данных вполне уместно допустить, что возраст обнаруженной фигурки алабая на упомянутом памятнике можно датировать X–XIII веками.

Глиняная фигурка является одним из лучших изображений туркменской собаки среди найденных в прежние годы на территории страны по совершенству технологии изготовления, а также более четкому и высоко-художественному изображению экстерьера алабая.

В настоящее время данная находка находится в экспозиции историко-краеведческом музее Лебапского велаята.

Nurjamal Balyşowa
(Türkmenistan)

YLYM-BILIM ULGAMYNDA INNOWASIÝA

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň oňyn, parasatly başlangyçlary, şeýle hem şol tutumly işleri üstünlikli dowam etdirip, halkymyzy ösüşleriň täze-täze basgançaklaryna alyp barýan hormatly Prezidentimiziň Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda ähli ugurlar bilen bir hatarda, milli bilim ulgamyna dünýäniň iň ösen häzirki zaman okuw tehnologiýalaryny ornaşdyrmak boýunça ägirt uly işler alnyp barylýar. Bu alnyp barylýan döwletli işleriň esasynda bolsa bilim berýän edaralaryň ähli basgançaklarynyň kuwwatly kompýuterler we internet ulgamy bilen doly derejede berk üpjün edilmegi durandyr. 2024-nji – "Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy" ýylynda ykdysadyýetiň ähli pudaklarynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny mundan beýläk-de pugtalandyrmak bilen birlikde, olara ylmyň innowasion usullaryny mäkäm ornaşdyrmak işi barha giň gerime eýe bolýar.

Mekdebe çenli ýaşly bilim edaralaryndan başlap, ýurdumyzyň orta, ýokary okuw mekdeplerinde multimediýa tehnologiýalarynyň hereket etmegi, olaryň okuw sapaklarynda ýerlikli ulanylmagy emeli okuw gurşawyny döretmäge hem-de her bir öwrenijiniň sanly bilimi pugta ele almakdaky başarnyklaryny we endiklerini kemala getirmegiň täze mümkinçiliklerini açyp görkezýär.

Innowasion tehnologiýalar maglumat kommunikasiýa arkaly bilim bermek ýaly birnäçe tärleri öz içine alýar. Maglumat kommunikasiýa tehnologiýalaryny ulanmak häzirki wagtda okuw işini hereketlendiriji esasy serişde hökmünde orun aldy. Şeýle hem, şahsy kompýuter bilen iş salyşmagyň medeniýeti umumy medeniýetiň bir bölegi hökmünde kabul edildi.

Täze maglumat kommunikasiýa tehnologiýalary ulanmak ýaş hünärmenleriň ýokary derejede kämilleşmegine ýardam edýär. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda syýasy, ykdysady, medeni-ruhy we ynsanperwer ugurlarda amala aşyrylýan düýpli özgertmelerde ýaşlara ylmyň innowasion tärlerini öwretmegiň we olaryň gündelik ulanylyşyny kämilleşdirmegiň, ýurdumyzyň sanly ykdysadyýetini kämilleşdirmekde ähmiýeti uludyr.

Häzirki wagtda "Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasyny" durmuşa geçirmegiň çäklerinde ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerine Moodle ulgamynyň esasynda bilim bermek işi (prosesi) sanlylaşdyryldy, şeýle-de okuw maglumatlarynyň sanly gorunyň yzygiderli täzelen-

megi we üstüniň ýetirilmegi doly ýola goýuldy. Häzirki wagtda Konsepsiýany durmuşa ornaşdyrmagyň çäklerinde ähli ýokary okuw mekdepleriniň sanly ulgamlaryny bir umumy tora birikdirmek arkaly, ýurdumyzyň bilim portalyny, şol sanda bilim ulgamynyň elektron binýadyny kämilleşdirmek boýunça degişli işler alnyp barylýar. Öz nobatynda Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri instituty tarapyndan işlenilip taýýarlanan "Magtymguly dünýäsi" atly elektron goşundynyň döredilmegi bu işleriň döwrebaplaşdyrylýandygynyň aýdyň subutamasydyr.

Hormatly Prezidentimiziň yzygiderli amala aşyrýan döwlet innowasiýa syýasaty ýurdumyzyň durnukly ykdysady ösüşini, ýokary derejede ylym-bilimi üpjün etmekde, okuwçy ýaşlaryň, talyplaryň halkara derejelerde bilim almaklaryna, halkymyzyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini ýokarlandyrmaga gönükdirilendir. Ýurdumyzda halkymyzyň bilim we döredijilik mümkinçiliklerini ösdürmek üçin ulgamyň maddy-enjamlaýyn binýady döwrebaplaşdyrylýar, täze bilim edaralary we institutlary döredilýär.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ösüşiň täze belentlikleriniň ýoly bilen ynamly gadam urýan döwletimiziň ylym, bilim ojaklarynda täze tehnologiýalaryň – sanly bilim ulgamynyň ornaşdyrylmagy mugallymlardan dünýä ylmynyň gazananlaryny öz iş tejribelerine ornaşdyrmagy talap edýär.

Nurjamal Balyshova
(Turkmenistan)

INNOVATIONS IN THE SPHERE OF SCIENCE AND EDUCATION

In the Epoch of the Revival of the New Era of the Powerful State on the wise initiatives of the Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan, the National Leader of the Turkmen people Hero Arkadag and under the wise leadership of the Esteemed President Arkadagly Hero Serdar, who successfully continues the activity on the implementation of these initiatives and leads our people to the new heights of progress, a great work on the introduction of the modern technologies of the world into the national system of education is carried out along with other directions. Full provision of all educational establishments with the newest computers and Internet system forms the basis of these large-scale works. In 2024, which was declared the year of "Treasury of Wisdom Magtymguly Pyragy", the work on the introduction of the innovative methods of science into the system of education acquires the wider scale and the material and technical basis of all directions of national economy is also strengthened.

The use of multimedia technologies on the lessons in the preschool institutions, at the secondary schools and higher educational establishments of our country opens up new opportunities of creating artificial educational environment and development of skills and abilities of each student for acquiring digital knowledge. At present, the use of innovative technologies on the lessons became the basic obligatory means of the educational work.

Нурджамал Балышова
(Туркменистан)

ИННОВАЦИИ В СФЕРЕ НАУКИ И ОБРАЗОВАНИЯ

В эпоху Возрождения новой эры могущественного государства под мудрым руководством Председателя Халк Маслахаты Туркменистана, Национального Лидера туркменского народа Героя-Аркадага и Уважаемого Президента Аркадаглы Героя Сердара, успешно продолжающего деятельность по претворению в жизнь масштабных инициатив, ведущим наш народ к новым высотам прогресса, наряду с другими направлениями, ведётся огромная работа по внедрению современных технологий в национальную систему образования. На основе этих широкомасштабных работ лежит полное обеспечение всех образовательных учреждений новейшими компьютерами и системой Интернет. В 2024 году, который был провозглашён годом “Кладезь мудрости Махтумкули Фраги”, работа по внедрению инновационных методов науки в систему образования приобретает всё более широкий масштаб, также укрепляется материально-техническая база всех направлений национальной экономики.

Использование мультимедийных технологий на учебных занятиях в дошкольных учреждениях, средних школах и высших учебных заведениях нашей страны открывает новые возможности создания искусственной учебной среды и развития навыков и способностей каждого учащегося для овладения цифровыми знаниями. В настоящее время использование инновационных технологий на учебных занятиях стало основным средством учебной работы.

Nurgözel Bäşimowa
(Türkmenistan)

ÄNEW MEDENIÝETINIŇ KULALÇYLYGY

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň yzygiderli edýän tagallalarynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi bilen Berkarar döwletimiziň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň talaplaryna laýyk gelýän türkmen taryhyna we milli sungatyna uly üns berilýär. Türkmen halkynyň Milli Lideri, gahryman Arkadagymyzyň, hormatly, gahryman Prezidentimiz Arkadagly Serdarymyzyň tagallalary bilen türkmen halkynyň ösen gadymy medeniýeti, maddy gymmatlyklary täze mazmuna eýe boldy.

Turkmen halkynyň gojaman geçmişiniň dowamynda toplan taryhy tejribesini, nesillere galdyran ajaýyp maddy we medeni mirasyny, ruhy gymmatlyklaryny, häzirki döwrüň talaplaryna laýyklykda çuň we hemmetaraplaýyn öwrenmek hemde olary halka ýetirmek örän wajyp meseleleriň biridir.

Gözbaşyny irki daş asyrlaryndan – Jeýtun medeniýetinden alyp gaýdýan sungatyň ilkinji şineleri Änew medeniýetiniň çeper döredijiliginde kämilleşipdir.

Jeýtunlylaryň jaýyň diwaryny bezemek däbi daş-mis asyrlarynda hem dowam etdirilipdir. Ýasydepede, Sarmançadepede, Ýylgynlydepede we Änewde diwar nagyşlary ýüze çykarylypdyr. Ussalar hatda häzirki zaman sungatynda-da seýrek ulanylýan usuly – “sgraffito” ýa-da “graffito” – surat çekmezden öň diwara birnäçe (azyndan iki) gat edip dürli reňkleri yzly-yzyna çalypdyrlar we ýüzündäki reňki bölekleýin aýryp, aşaky reňki görkezip surat çekipdirler.

Ýylgynlydepäniň diwar bezegleri özboluşlulygy we aňladýan manysy bilen tapawutlanýarlar. Tegelek ak tegmiller güni-gündizi, ýarym aýlar-gijäni, agaç-ýaşaýşy, ýylan-bolçulygy aňladypdyr. Şeýlelikde, bu nagyşlar adamlara uzak hem bolelin durmuşda ýaşamagyna hoşniýetli arzuwlaryny alamatlandyrypdyr.

Günorta Türkmenistanyň gadymy, örän täsirli hem bezeglere baý, tutuş arheologiýa medeniýetiniň kemala gelmeginiň we ösüşiniň döwürlerine aýdyň häsiýetnama berýän külalçylygyň Änew döwründe bu senediň ösmegine getiripdir. Bu zaman, biziň günlerimiziň baý nagyş sungatynyň düýbi tutulan döwrüdir.

Irki Änew-Namazga döwründe (b. e. öňki V müňýyllygyň ikinji ýarymy) gaplara nagyş çekmek däbi giňden ýaýrapdyr. Olarda halka, küşt öýjükleri, kertik çyzyklar, egri-bugry çolaşan zolaklar, ýelek görnüşli nagyşlar giňden peýdalanylypdyr we olar kämilleşip, biziň döwrümiziň haly-palas we geýim nagyşlarynda giňden ulanylýar.

Islendik beýleki zatlar ýaly, gadymy adamlaryň sungaty hem özüni döreden halkyň dünýägaraýşy hakynda maglumat berýär. Alymlar Änew-Namazga döwründe Türkmeniň gadymy topragynda däneli ekinleriň ekilendigini, şonuň üçin

hem jemgyýetde dürli dini baýramçylyklar bilen utgaşykly geçirilen hasyllylyga uýmagyň gülläp ösendigini subut etdiler. Şol dowürde bugdaý-hasyllylyk bilen bagly bolan ynanç döräp, döwrüň hasyllylyk alamatyna öwrülip nagyşlara salnyp başlanypdyr.

Änew medeniýetiniň soňky döwürleriniň, Göksüýri nagyşlarynda ýönekeý hem köp basgançakly hajyň dürli nusgalarda çekilen şekili esasy orun eýeläpdir.

Gadymy külalçylar haýwanlaryň şekillerini hem gaplaryň ýüzünde çekip başlapdyrlar ussatlyklary ýeterligem bolsa, küýzegärler haýwanlaryň suratlaryny dolulygyna däl-de, olaryň bedenleriniň iň häsiýetli alamatlaryny şertleýin şekillendirmek bilen çäklenipdirler.

Jeýtun döwrine (Pessejikdepe) üçin häsiýetli iki reňki – gyzyl we gara reňkleri ulanmak däbi b. e. öňki IV müňýyllygyň toýun gaplarynda bolşy ýaly, günorta Türkmenistanyň irki daş-mis asyrlary döwrüniň diwar bezeglerinde hem dowam etdirilipdir.

Ýokarda agzalan mysallar Änew medeniýeti diýlip atlandyrylýan zamanynda irki ekerançylygyň, maldarçylygyň, medeniýetiň, sungatyň we dürli ynançlaryň köptaraplaýyn bolandygyny hem-de Jeýtun döwründe dörän başlangyçlaryň öz dowamyny tapandygyny subut edýärler.

Nurgozel Bashimova
(Turkmenistan)

CERAMICS OF ANEV CULTURE

The first traces of art leading to the early Stone Age – the Dzheitun culture, were developed in the artistic creation, ceramics of the Anau culture.

Wall patterns were discovered at the monuments of the Anau culture with used by artists “sgraffito” or “graffito” technique, which is rarely applied even in modern art. When painting a wall, several (at least two) layers of different colors were sequentially applied, and through partial removal of the painting upper layers, the lower colors of the painting surface were revealed forming a complex ornamentation.

The geometric patterns on ceramics of the Anau culture through further evolution have survived to this day and are widely used in modern decorative and applied art of the Turkmens.

The above examples prove that early agriculture, animal husbandry, culture, art and various beliefs were developed during the period called Anau culture.

Нургозель Бяшимова
(Туркменистан)

КЕРАМИКА АНАУСКОЙ КУЛЬТУРЫ

Первые следы произведений искусства, керамики, ведущие к раннему каменному веку – Джейтунской культуре, получили свое развитие в художественном творчестве Анауской культуры.

На памятниках Анауской культуры были обнаружены настенные узоры, где художники использовали редко используемый даже в современном искусстве прием — “сграффито” или “граффито”. При покраске стены последовательно наносилось несколько (не менее двух) слоев разных цветов и частично снимались слои поверхности, открывая нижние цвета, составляли сложную орнаментацию.

Геометрические орнаменты на керамике Анауской культуры, эволюционируя, дошли до наших дней и широко используются в современном декоративно-прикладном искусстве туркмен.

Приведенные выше примеры доказывают, что раннее земледелие, животноводство, культура, искусство и различные верования существовали и развивались в период, называемый ныне Анауской культурой.

Selbi Batyrowa
(Türkmenistan)

EKWIWALENTSIZ SÖZLERI TERJIME ETMEGIŇ AÝRATYNLYKLARY
(türkmen we iňlis dilleriniň mysalynda)

Dil halkyň jemgyýetçilik aňyny, dünýägaraýşyny, milli häsiýetini, däp-dessurlaryny, ahlak kadalaryny, gymmatlyklar ulgamyny şöhlelendirmekde möhüm serişdedir. Diliň hyzmaty halklaryň medeniýetleriniň arasyndaky özara gatnaşyklaryny beýan etmekde has hem aýdyň ýüze çykýar. Muny ekwiwalenti bolmadyk sözleriň terjime edilişinde hem görmek bolýar.

Dilçi alym L.S.Barhudarow: “Ekwiwalentsiz sözler terjime edilýän diliň sözleriniň arasynda ne doly, ne-de bölekleýin ekwiwalenti bolmadyk sözleri öz içine alýar” diýip ýazýar.

Transliterasiýa tekstdäki ekwiwalentsiz sözleri terjime etmegiň usullarynyň biri hasaplanýar. Transliterasiýadan başga-da, terjimede öwezini dolma, transkripsiýa, kalka, assimilýasiýa, semantik neologizm, kontekstual terjime, giponimik terjime,

terjimäniň asyl tekstiniň dilindäki medeni aýratynlykly sözleri terjime edilýän dildäki medeni aýratynlykly sözler bilen çalyşmak ýaly usullardan peýdalanylýar.

Terjime etmesi mümkin bolmadyk sözleriň manysynyň asyl nusga ýakynlaşdyrylan görnüşde almak hem işjeň tärleriň biri hökmünde peýdalanylýar. Mysal üçin, "Akpamyk" ertekisinde berlen "Akpamygyň ejesi bir köke bişirip beripdir" sözlemi iňlis diline "Akpamyk's mother baked a scone" görnüşinde terjime edilipdir.

Getirilen mysaldan görnüşi ýaly, sözlemde asyl nusgada gelen "köke" sözi many taýdan özüne iň ýakyn "cookie" leksik birligine gabat gelýär. "Köke" sözüni "cookie" diýip terjime etmek mümkin hem bolsa, terjimeçi tekstiň okyja has düşünikli bolmagyny gazanmak maksady bilen, "scone" sözüni ulanypdyr.

Transliterasiýa – sözüň ýazuw şekiliniň bir dilden beýleki dile geçirmek prosesidir. Transliterasiýa anyklaşdyryş komponenti (sözi) bilen bilelikde ulanylýar, ol terjime edilen tekstiň manysyny has doly açyp görkezmek üçin ulanylýar. Tekstde getirilen ekwiwalentsiz sözleri terjime etmegiň iň ygtybarly usullarynyň biri hem transliterasiýa hasaplanýar. Onuň artykmaçlygy terjimeçi, esasan, sözleriň ýazuw şekilini bir dilden başga dile geçirýär we sözüň mazmuny diňe kontekstiň üsti bilen açylýar. Şeýlelikde, terjimeçi täze düşünjäni ýalňyş terjime etmegiň öňüni alýar. Mysal üçin,

Türkmen	**English**
1. Döw küli yzarlap gelýär.	1. The Div* went along the path covered with cinders. Div – an evil spirit
2. Onsoň doganlarynyň beýleki süňkleriniň hemmesini ýerbe-ýer goýup, süýdi üstüne sepip, bir gara keçä dolapdyr.	2. She put all the bones in order again, poured some milk on them, and then wrapped them up into the keche*. Keche – a handmade rug made of sheep's wool

Ekwiwalentsiz sözleriň terjime ediliş usullaryny öwrenmek daşary ýurt dillerini öwretmekde, hususan-da, dil öwrenýänlere terjimäniň aýratynlyklaryny öwretmekde, dilleri deňeşdirip öwrenmekde ähmiýetlidir.

Selbi Batyrova
(Turkmenistan)

PECULARITIES OF TRANSLATING EQUIVALENT-LACKING WORDS (ON THE EXAMPLE OF TURKMEN AND ENGLISH)

Language is one of the most important aspects of any culture. In fact, a language is the differentiating part of the culture. It is unique in every country. Therefore, the problem of translating the words, phrases and whole sentences from one language into the other that does not have the equivalent unit not altering the real meaning of what is said/written is of a big question. Translating of, such called, non-equivalent vocabulary at different times were studied by a number of linguists and there is a list of competencies necessary for an interpreter to translate accurately and faithfully reproduce the meaning of a particular expression, which includes non-equivalent vocabulary. The thesis observes the problems of translating non-equivalent vocabulary from Turkmen into English, offers alterations to common ways of overcoming them and modern solutions.

Сельби Батырова
(Туркменистан)

ОСОБЕННОСТИ ПЕРЕВОДА БЕЗЭКВИВАЛЕНТНЫХ СЛОВ (На примере туркменского и английского языков)

Язык представляет собой один из наиболее значимых аспектов любой культуры, фактически являясь дифференцирующим её элементом. Он обладает уникальными особенностями в каждом обществе. В связи с этим, возникает важная проблема перевода слов, словосочетаний и даже целых предложений с одного языка на другой, особенно когда нет прямого эквивалента и необходимо сохранить исходный смысл высказывания. Перевод так называемой безэквивалентной лексики в разное время изучался рядом лингвистов. Преодоление этой проблемы требует от переводчика определенных навыков и компетенций, необходимых для точного и достоверного перевода значения того или иного выражения, включающего в себя безэквивалентную лексику. В данной работе исследуются проблемы перевода безэквивалентной лексики с туркменского языка на английский язык, предлагаются изменения общепринятых способов их преодоления и современные подходы к их решению.

Inabat Bazarowa, Laçyn Allaberenowa
(Türkmenistan)

DILIŇ ÖSÜŞI: TÜRKMEN DILINDE ARAP-PARS ALYNMA SÖZLERI

Makalada, türkmen söz baýlygynyň emele gelmeginde arap-pars dilindäki alynma sözleriň taryhy orny öwrenilýär. Makalanyň maksady, arap-pars alynma sözleriniň türkmen diliniň medeniýetiniň emele gelmegine, esasan hem gurluşyna, mazmunyna we dürlüligine täsirini beýan etmek we seljermek.

Inabat Bazarova, Lachyn Allaberenova
(Turkmenistan)

LANGUAGE DEVELOPMENT: ARABIC-PERSIAN VOCABULARY IN THE TURKMEN LANGUAGE

The article examines the historical role of Arab-Persian verbal borrowings in the process of formation of Turkmen vocabulary. The purpose of the article is to describe and analyze the influence of Arabic-Persian borrowings on the formation of the verbal culture of the Turkmen language, in particular, on its structure, content and diversity.

Инабат Базарова, Лачын Аллаберенова
(Туркменистан)

РАЗВИТИЕ ЯЗЫКА: АРАБО-ПЕРСИДСКАЯ ЛЕКСИКА В ТУРКМЕНСКОМ ЯЗЫКЕ

Туркменская культура имеет глубокие корни. Она развивалась на основе собственной этнической культуры.

Развитие культуры туркменского народа тесно связано с арабским языком и мусульманской культурой, оказавших значительное влияние на развитие языка, письменности, образования.

Арабский язык оказал серьезное влияние на многие языки, в первую очередь, на языки народов Востока, где он распространился в результате арабских завоеваний, принятия ислама, расширения торговых и политических связей. Заимствованные слова из арабского и персидского языков с Тематика этих заимствований весьма обширна: это и терминология мусульманской философии и религии (*Алла, Гурхан (Коран), ходжа, ислам, шехид*), истории, права (щ*ертнаме, канун, солтан, эмир*), литературы и искусства

(*эдебият,газал ,галам, сурат*), книжного дела (*метбугат, нешир*), науки и просвещения (*элипбий, медресе, химия*) и др.

Многие арабизмы: *алым* (ученый), *сунгат* (искусство), халк (народ), *тербие* (воспитание), *миллет* (нация), *ватан* (родина), и персизмы*: серхет (граница), серкерде (офицер)*, *шәхер* (город), *багт* (счастье), мердана (смелый), а также служебные слова: хем (союз “и”), *чүнки* (потому что), *егер* (если) прочно вошли в лексику туркменского языка, что не воспринимаются носителями языка как заимствования.

Весйетнаме (от араб. васият – завет, завещание и наме – от перс. – письмо) разновидность эпистолярного жанра в туркменской литературе, а также: *месневи*, *рубаи* и др. названия литературных жанров, имеющих место в древней туркменской литературе.

Многим известно, что начиная с 30-х годов в СССР усилились гонения на религию. В Туркменистане этот процесс связали с арабским алфавитом и арабскими словами. Они упорно изгонялись из туркменского языка под предлогом борьбы с исламом, тысячи арабских слов исчезли из употребления, часть заменили русскими (или европейскими), новым для туркменского языка пластом лексики. Например: Рейис (араб.) на начальник (рус.), велаят (араб.) на область (рус.), көшк (перс.) на дворец (рус.) Например: дворец съездов – маслахатлар көшги. Естественно, что в этой ситуации в определенной степени нарушалась взаимосвязь грамматического и логического строев и на уровне теоретического мышления. Следовательно, нарушался веками сложившийся под влиянием ислама и арабского языка стиль, образ мышления, его видение мира, его логика суждений...

Как только исчезла опасность осуждения, преследования за употребление арабской лексики, она стала удивительно быстро возвращаться. Такие слова как велаят, сыясат, маслахат, хяким, хякимлик, межлис, садака, берекет, сүннет и сотни других слов быстро активизировались в условиях демократизации общественной жизни.

Если процесс заимствования арабской лексики в свое время был продиктован влиянием религиозной и философской литературы, то нынешний процесс возврата такой категории заимствований не связан ни с религией, ни с философией. При этом носители туркменского языка не ощущают инородности арабизмов и персизмов, которые за столетия прочно вписались в живую речь туркменского языка грамматически, фонетически и морфологически.

Tagandurdy Bekjäýew
(Türkmenistan)

TÜRKMEN DIL BILIMINDE FRAZEOLOGIZMLERIŇ ÖWRENILIŞ TARYHYNDAN

XX asyryň 40-njy ýyllaryndan başlap rus dil biliminde frazeologizmleriň ylmy taýdan öwrenilip başlanylmagy netijesinde, bu mesele türkmen dilçileriniň hem ünsüni özüne çekýär. Eýyäm, 40-njy ýyllaryň ahyrlarynda 50-nji ýyllaryň başlarynda türkmen dil biliminde frazeologizmler baradaky käbir garaýyşlar peýda bolup başlaýar. 50-nji ýyllaryň ahyrlarynda frazeologiýa aýratyn ylym hökmünde öňe çykýar. Ilkinji nobatda, frazeologizmleriň differensirleniş alamatlary, türkmen diliniň frazeologik düzüminiň baýlaşyş ýollary, frazeologizmleriň toparlara bölünişi, olaryň düzüm böleklerinin jebislik derejesi baradaky pikirler öňe sürülýär. Frazeologizmler toparlara bölünende, esasan, idiomalar hem-de çeper edebiýatyň we gadymy mifologiýanyň söz düzümleri göz öňünde tutulýar.

XX asyryň 60-njy ýyllaryndan başlap, türkmen diliniň frazeologizmleri has giňişleýin ylmy derňewe sezewar edilýär. Ylmy işlerde nakyllaryň, atalar sözleriniň, halk arasynda ýaýran ganatly sözleriň frazeologizmlere gatnaşygy, frazeologizmleri rus dil bilimindäki ýaly frazeologik bitişmelere (фразеологические сращения), frazeologik birleşiklere (фразеологические единства), frazeologik utgaşmalara (фразеологические сочетания) bölmek baradaky pikirler öz beýanyny tapýar. Frazeologizmleriň bir görnüşi bolan idiomalar has çuň öwrenilýär, olar babatda ýörite ylmy derňew geçirilýär.

Türkmen edebiýatynyň görnükli wekilleriniň eserlerinde duş gelýän frazeologik birlikleri öwrenmekde hem düýpli ylmy barlaglar amala aşyrylýar. Geçen asyryň altmyşynjy ýyllarynyň ortalaryndan başlanan, käbir romanlaryň şeýle-de, türkmen klassyk edebiýatynyň wekilleriniň, gadymy ýazuw ýadygärlikleriň, halk döredijilik eserleriniň dilinde çeperçilik serişdesi hökmünde ulanylan frazeologizmleriň ylmy derňewi häzirki döwürde hem dowam etdirilýär.

Türkmen dil biliminde frazeologizmleriň komponentleri, frazeologik birlikleriň emele gelmeginde olaryň ähmiýeti barada ýigriminji asyryň ýetmişinji ýyllaryndan bäri yzygiderli iş alnyp barylýandygyny bellemek gerek. Bu babatda düzüminde san, beden agzalary, kär-hünär bilen bagly sözleri bolan frazeologizmleri mysal getirmek bolar.

Frazeologizmleri deňeşdirme nukdaýnazardan öwrenmekde-de bellibir işler edildi. Esasan, segseninji ýyllardan başlanan rus we türkmen, türkmen hem

iňlis dilleriniň frazeologizmlerini deňeşdirip öwrenmekde toplanylan tejribeleriň netijesinde häzirki döwürde bu meselä bolan üns has güýçlenýär.

XXI asyrda türkmen dil biliminde, şol sanda onuň aýrylmaz bölegi bolan frazeologiýada öň däp bolup gelýän derňew usullary bilen birlikde täze ýörelgelere, ýagny, dünýä dil biliminiň gazananlaryna hem daýanylýar. Şunda frazeologizmleriň lingwokulturologik, millilik, mental alamatlaryna aýratyn üns berilýär.

Tagandurdy Bekjayev
(Turkmenistan)

FROM THE HISTORY OF STUDYING PHRASEOLOGICAL UNITS IN TURKMEN LINGUISTICS

In this article the information on studying phraseological units scientifically in the Turkmen linguistics is given. Basic scientific researches on the Turkmen phraseology coming from the (40s) of XX century up to the present days were made. Great works are done in studying not only lexical and semantical peculiarities of the phraseological units, but also their structures. Many works were written in contrastive analyses of phraseological units of Turkmen and Russian, Turkmen and English. The scientific researches are continuously made in studying the phraseological units used in the works of writers and poets.

Key words: Turkmen linguistics, Turkmen phraseology, phraseological unit, contrastive study of languages.

Тагандурды Бекджаев
(Туркменистан)

ИЗ ИСТОРИИ ИЗУЧЕНИЯ ФРАЗЕОЛОГИЗМОВ В ТУРКМЕНСКОМ ЯЗЫКОЗНАНИИ

В работе говорится о научном изучении фразеологии, которое началось в 40-е годы XX столетия, и к настоящему времени созданы фундаментальные труды. Большая работа выполняется по изучению не только лексико-семантических особенностей, но и структуры ФЕ. Выполнены также исследования по сравнительному изучению русских, туркменских и английских фразеологизмов. Продолжаются исследования по изучению употребления ФЕ в литературных произведениях.

Allaguly Berdiýew, Mährijemal Bekjäýewa
(Türkmenistan)

ŞÄHRYSLAMYŇ SYRÇALY KERAMIKASYNYŇ HIMIKI DÜZÜMININIŇ AÝRATYNLYGY

Milli taryhy-medeni mirasymyzy gorap saklamak we olary geljek nesle ýetirmek taryhçylaryň esasy borjudyr. Türkmenistanyň çäginde ýüze çykarylan orta asyr keramikasy ata-babalarymyzydan biziň günlerimize ýetip gelen maddy mirasyň wajyp bölegini düzýär. Şol külalçylyk önümleri gaýtalanmaýan gözelligi we özboluşly kaşaňlygy bilen tapawutlanýar. Orta Aziýanyň maddy medeniýetinde aýratyn orny eýelän syrçaly keramika hemişe alymlaryň üns merkezinde bolupdyr.

Gadymy Şähryslam şäheri aýratyn binagärlik görnüşi we tapyndylarynyň köpdürlüligi hem-de baýlygy bilen tapawutlanýar. Şähreslam galasy türkmen halkynyň taryhyny we medeniýetini öwrenmekde uly ähmiýete eýedir.

Orta asyrlara degişli keramika önümlerinde, şol sanda hem bina bezeglerinde ulanylan syrçanyň himiki düzümininiň seljerilmegi we derňelmegi gadymy döwürlerden biziň günlerimize ýeten medeni mirasymyzyň köpugurly öwrenilişiniň şahasy hökmünde örän wajyp ugur bolup durýar. Arheologiýa ylmy barlaglaryň dowamynda takyk we tebigy ylymlaryň seljerme, deňeşdirme usullarynyň ulanylmagy derwaýysdyr.

Syrçanyň içgin seljerilmegi we öňki barlaglaryň netijeleri bilen deňeşdirilmegi analiziň obýektiniň çig maly, ýasalyş tehnologiýasy bilen bir hatarda anyk senelendirmek bilen bagly meselelerine hem çözgütleri hödürlemäge ýardam berýär.

Bu ugurda maglumatlar bankynyň döredilmegi häzirki gün wajyp işleriň biri bolup durýar. Has irki barlaglaryň netijelerini, daşary ýurtly alymlaryň işlerini we häzirki günde ýurdumyzda täze innowasion tehnologiýalaryň kömegi bilen geçirilýän ylmy seljermeleri özünde jemleýän şeýle maglumat banky Türkmenistanyň taryhyda senetçiligiň kämilleşmegine, goňşy döwletler bilen özara täsirlenmegine, senetçilik mekdepleriniň ýaýrawyna degişli birnäçe maglumatlary bir ýere jemlemäge mümkinçilik berýär.

Düzümi boýunça syrçanyň we aýnanyň reňkini sazlaýan çig mallar örän meňzeşdir. Tehniki taýdan seredilse, – syrça bu aýnanyň bir görnüşidir. Hut şonuň üçin-de alymlar şol iki materialy bilelikde öwrenýärler. Ýigriminji asyryň ikinji ýarymynda geçirilen barlaglar orta asyr külalçylaryň syrçanyň reňkini sazlamak maksady bilen, ýörite minerallary ulanandyklaryny we önüm bişirilende gerekli gyzgynlygy ölçäp, alyp bilendiklerini görkezdi. Belli himiki elementler, ýagny CuO – misiň oksidi, SiO_2 – kremniniň oksidi, CaO – kalsiniň oksidi we PbO – gurşunyň oksidi hem adaty külalçylyk önümlerinde hem-de faýans (kaşyn)

keramikasynyň syrçasynyň esasy (binýady) bolup hyzmat edýärler. Şol syrçalaryň düzüminde altyn, titan, nikel ýaly elementleriň aýan edilmegi bolsa şol döwrüň senetçileriniň ukyby we sungatyň ýeten derejesi barada anyk maglumat berýär.

Şähryslam ýadygärliginden tapylan ösümlik nagyşlary bilen bezelen orta asyr keramikasynyň, dykyz taýýarlanan we syrçasy aýna görnüşde açyk gök farfor gabynyň böleginiň, goňur nagyşlar bilen bezelen kaşyn (faýans) gabynyň böleginiň, açyk mawy reňkli külaçylyk önümleriniň himiki düzüminiň derňewleri geçirildi. Käbir nusgalarda az mukdarda kümşüň (Ag) barlygy aýan edildi. Kümüş elementi gurşunda tebigy garyndy hökmünde bar bolup, ol gurşun garylan syrçalarda ýüze çykýar. Şähryslamdan tapylan küreler sünnälenip ýasalan külalçylyk önümleriniň ýerli senetçiler tarapyndan ýasalandygyndan habar berýär.

TYA-nyň Taryh we arheologiýa institutynyň LEA-S 500 köpugurly kiçi barlaghanasynda nusgalaryň element düzümi kesgitlenilip, Tehnologiýalar merkeziniň külke hem-de suwuk nusgalarda elementleriň mukdaryny anyklamaga niýetlenen Epsilon 3XL kysymly rentgen spektrometriniň kömegi bilen oksid düzümi anyklanyldy. Alnan netijeler tablisada görkezildi.

Gadymy keramikanyň himiki düzüminiň öwrenilmegi we alynýan maglumatlar olaryň taýýarlanyş tehnologiýasyny, bezeliş aýratynlyklaryny we döwrüň bilim derejesini şöhlelendirip, olaryň rejeleýiş işlerini hil taýdan gowulandyrylmagyna ýardam berýär.

Allaguly Berdiyev, Mahrijemal Bekjayeva
(Turkmenistan)

FEATURES OF THE CHEMICAL COMPOSITION OF GLAZED CERAMICS OF SHEKHRISLAM

The ancient city of Shekhryslam is distinguished by its unique architectural style, diversity and wealth of finds.

Analyzes were carried out on the chemical composition of medieval ceramics, glazed blue porcelain, brown patterned ceramic (faience) dishes and other ceramic products found out on the territory of the medieval city. In some samples were found out contain of small amounts of silver (Ag).

The research was carried out at the Institute of History and Archeology of the Academy of Sciences of Turkmenistan using a laser analyzer LEA-S 500. The elemental composition of the samples was established and determined.

Аллагулы Бердыев, Мяхриджемал Бекджаева
(Туркменистан)

ОСОБЕННОСТИ ХИМИЧЕСКОГО СОСТАВА ГЛАЗУРОВАННОЙ КЕРАМИКИ ШЕХРИСЛАМА

Древний город Шехрислам отличается уникальным архитектурным стилем, разнообразием и богатством находок.

Были проведены анализы химического состава средневековой керамики, глазурованного голубого фарфора, коричневой узорчатой керамической (фаянсовой) посуды и других керамических изделий, найденных на территории средневекового города. В некоторых образцах было обнаружено наличие небольшого количества серебра (Ag).

Исследования были проведены в Институте истории и археологии Академии наук Туркменистана при помощи лазерного анализатора LEA-S 500. Установлен и определен элементный состав образцов.

Allaguly Berdiýew
(Türkmenistan)

NUSAÝ-GÜRGENÇ KERWEN ÝOLY

Beýik Ýüpek ýolunyň dürli döwürlerde hereket eden şahalary Türkmenistanyň çäklerinden dürli ugurlar boýunça geçip, çar tarapa uzapdyr. Olaryň birnäçesi geçen asyryň ikinji ýarymynda arheologik taýdan öwrenilipdir. Emma orta asyrlarda Türkmenistanyň günortasyny demirgazygy bilen baglanyşdyran Nusaý-Gürgenç ugry soňky ýyllara çenli ýörite meýilnama esasynda derňelmändir. “Beýik Ýüpek ýolunyň ugrunda ýerleşen Türkmenistanyň çägindäki taryhy-medeni ýadygärliklerde 2018–2021-nji ýyllarda gazuw-agtaryş işlerini geçirmegiň we medeni mirasy ylmy esasda öwrenmegiň hem-de wagyz etmegiň Döwlet maksatnamasy” esasynda Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Taryh we arheologiýa institutynyň alymlary tarapyndan birnäçe ýylyň dowamynda Nusaý-Gürgenç kerwen ýolunyň geçen ugruny anyklamak hem-de bu ugurda ýerleşen ýadygärlikleri düýpli öwrenmek boýunça arheologik barlaglar alnyp baryldy.

XII asyrda türkmenleriň Beýik Horezmşalar döwleti döränden soň, onuň paýtagty Gürgenç bilen Demirgazyk Horasanyň iri syýasy hem ykdysady merkezleriniň biri bolan Nusaýyň arasynda söwda we medeni gatnaşyklar ýygjamlaşypdyr, Gürgençden Nusaýa çenli Garagum çölüniň üsti bilen geçen kerwen ýoly has-da gatnawly bolupdyr. Bu ugurda geçirilen barlaglaryň netijesinde Nusaý-Gürgenç aralygynda 15 sany duralganyň – kerwensaraýlaryň, galalaryň

we şäherleriň galyndylary hasaba alnyp, olaryň suw bilen üpjünçiligi hem-de tebigy-geografik şertleri boýunça biri-birinden tapawutlanýan üç bölekden ybarat bolandygy kesgitlenildi.

Nusaý-Gürgenç kerwen ýolunyň birinji, günorta bölegi Nusaýdan Dehistana dag etegi bilen giden gadymy ugur boýunça günbatarlygyna uzap, Nusaý bilen Paraw şäherleriniň ortalygynda ýerleşen Abhaderana çenli barypdyr. Bu aralykda orta asyrlarda Faruz obasy we Şährystan rabaty (berkidilen kerwensaraý) ýerleşip, Abhaderana çenli 15 farsah, ýagny 3 menzil ýol geçmeli bolupdyr. Nusaý-Abhaderan aralygyn daýerleşen kerwensaraýlar Köpetdagdan akýan çaýlaryň we çeşmeleriň hasabyna tebigy akabalar arkaly suw bilen üpjün edilipdir.

Nusaý-Gürgenç kerwen ýoly Abhaderandan soň demirgazyga sowlup, Uzboýuň ýakasynda ýerleşýän Kürtüşata barypdyr. Abhaderan-Kürtüşata aralygyny geçmek üçin kerwenler ürgün çägeli suwsuz çöllükden orta asyr ölçegi bilen 32–33 farsah (210 km töweregi) ýol aşmaly bolupdyr. Häzirki döwürde hem geçmesi kyn bolan bu aralykda ýerleşen kerwensaraýlaryň we duralgalaryň suw üpjünçiligi emeli suw desgalarynyň, ýagny suw geçirijileriň, sardoblaryň we guýularyň hasabyna amala aşyrylypdyr. Bu ugurda Şähryslam, Kazy, Bossanşa diýip atlandyrylýan şäherler we kerwensaraýlar hasaba alyndy we öwrenildi.

Nusaý-Gürgenç kerwen ýolunyň üçünji, demirgazyk bölegi Kürtüşatada Dehistandan gelýän uly kerwen ýoly bilen birleşip, Uzboýuň gadymy hanasynyň ugry bilen Gürgenje tarap dowam edipdir. Bu aralykda geçirilen barlaglaryň netijesinde Kürtüşatadan soň Talaýhanata, Nazarkaky, Ortaguýy, Döwgala, Naýzahal, Ýarbekir kerwensaraýlary ýüze çykaryldy we öwrenildi.

Şeýlelikde, alnyp barylan barlaglaryň netijesinde Nusaý-Gürgenç ýolunyň umumy uzynlygynyň orta asyr ölçegi boýunça 100 farsah töweregi (600 km gowrak) bolup, bu aralygy düýeli kerwen bilen geçmek üçin jemi 14 menzil, ýagny 14 gün ýol ýöremeli bolandygy anyklanyldy. Bu ugurda ýerleşen ýadygärliklerde geçirilen arheologik barlaglar we ýüze çykarylan taryhy tapyndylar Nusaý-Gürgenç ýolunyň, esasan, XI–XIV asyrlarda hereket edendigini we Beýik Ýüpek ýoly ulgamynda uly orun tutandygyny tassyklady.

Allaguly Berdiyev
(Turkmenistan)

NUSAY-GURGENCH CARAVAN WAY

Branches of the Great Silk Road, which operated at different times, cross the borders of Turkmenistan in different directions. Some of them were archaeologically studied in the second half of the last century. However, the Nisa-Gurgench route,

which connected the south of Turkmenistan with the north in the Middle Ages, was not studied on the basis of a special plan until recent years. Scientists from the Institute of History and Archeology of the Academy of Sciences of Turkmenistan have been conducting scientific research for several years to thoroughly study the monuments located along this caravan route. As a result of the research, the route and period of movement of the Nisa-Gurgench caravan route were determined, and new information was revealed about the location, structure, components, water supply, architecture, art and trade relations of the monuments located in this direction.

Аллагулы Бердыев
(Туркменистан)

КАРАВАННЫЙ ПУТЬ НУСАЙ-ГУРГЕНЧ

Ответвления Великого Шелкового пути, функционировавшие в разное время, пересекают границы Туркменистана в разных направлениях. Некоторые из них были археологически изучены во второй половине прошлого века. Однако маршрут Ниса-Гургенч, соединявший в средние века юг Туркменистана с севером, до последних лет на основе специального плана не исследовался. Ученые Института истории и археологии Академии наук Туркменистана уже несколько лет проводят научные исследования по тщательному изучению памятников, расположенных вдоль этого караванного пути. В результате проведенных исследований определены маршрут и период движения караванного пути Ниса-Гургенч, а также выявлены новые сведения о местоположении, строении, компонентах, водоснабжении, архитектуре, искусстве и торговых связях, расположенных в этом направлении памятников.

Şirin Berdiýewa
(Türkmenistan)

TÜRKMEN DILINDE TIRKEŞ SÖZLERIŇ DÖREÝŞINDE FONETIK KANUNALAÝYKLYKLAR

Umumadamzat jemgyýetine peşgeş berlen iň uly baýlyklaryň biri dildir. Dil – adamzadyň milli ruhunyň, ýaşaýşynyň, arzuw-isleglerinin, duýgularynyň beýanydyr. Gahryman Arkadagymyz: “Dilimizi has baýlaşdyrmak, taryh akabasynyň haýsydyr bir öwrüminde ulanyşdan galan gowy sözlerimizi dolanyşyga girizmek, kämilleşdirmek biziň mukaddes borjumyzdyr. Diliň kämilligi ruhuň kämilligidir.

Milletiň kämilligi bolsa biziň baş maksadymyzdyr” diýip belleýär. Dünýädäki ähli zatlar kämillige iterilmeli, dilimiziň kämilligi bolsa onuň asyl taryhy köklerinde ýatandyr.

Fonetika diliň esasy bölümleriniň biri bolup, tirkeş sözleri emele getirmekdäki döreýiş kanunalaýyklygyna täsir edipdir. Bu barada elbetde ilkinjileriň hatarynda K. Foýuň işini bellemek wajypdyr. Soňra, tirkeş sözleriň fonetik kanunalaýyklar esasynda baglanyşy dogrusynda türk we rus alymlarynyň birnäçeleriniň işlerinde gabat gelýär. Olardan N.K.Dmitriýewi, A.N.Kononowy, A.T.Kaýdarowy, türk alymlaryndan O.N.Tunany, S.Çagataýy, W.Hatiboglyny we başgaça birnäçe türkologlary bellemek bolar. Şeýle hem, türkmen dilinde tirkeş sözleriň fonetik aýratynlyklaryny grammatik esaslarda öwrenen türkmen alymy R.Berdiýewi bellemek bolar.

Fonetika dilimizdäki sesleri öwrenýän ylym bolup, ähli sesleriň gurluş döreýiş emele geliş aýratynlyklaryny häsiýetlendirýär. Dilimiziň taryhy ösüş prosesinde tirkeş sözler her hili fonetik hadysalara sebäp bolupdyr. Munuň özi kanuny ýagdaýdyr. Tirkeş sözleriň döremeginde hem fonetik kanunlaryň bolmagy hem kanuny ýagdaýdyr. Dilimizde bar bolan ähli tirkeş sözlerde içki rifmasynyň bolandygy bellibir fonetik kanunalaýyklar esasynda baglanyşandygy mese-mälim görnüp durandyr. Häzirki zaman türkmen dilinde we taryhynda bar bolan tirkeş sözleri fonetik kanunalaýyklar esasynda döreýşinde ilki bilen rifmalaşan tirkeş sözlere orun bermek möhümdir. Dilimizde rifmalaşýan tirkeş sözler köpdür. Mysal üçin, *dünli-günli, geldi-gitdi, sansyz-sagyşsyz* we ş.m. Tirkeş sözlerde rifmanyň bolmagyna ilki bilen üns beren nemes alymy K.Foý bolup, onuň yzyny ýöredijiler hökmünde L.Bonellini, N.K.Dmitriýewi, A.Kaýdarowy, türk alymlaryndan, O.N.Tunany, M.Agakaýy we beýlekileri bellemek bolar. Şol bir wagtda umumy türki dilleriň arasynda tirkeş sözlerde ses taýdan baglanyşygyň kanunalaýyklygy dogrusynda, ilki bilen Mahmyt Kaşgarly “Diwany lugat-et türk” ylmy eserinde belländigini aýtmak bolar.

Türkmen dilinde tirkeş sözleriň döreýiş kanunalaýyklyklarynyň biri-de alliterirlenen tirkeş sözlerdir. Alliterasiýa – bu latyn dilinden gelip çykan söz bolup, sözüň başyndaky çekimsiz sesleriň sazlaşygyna aýdylýar. Mysal üçin, ***t**eň-**t**uş, **s**aç-**s**akal, **s**öz-**s**aw* we ş.m. Alliterirlenýän tirkeş sözler dogrusynda alym A.Kaýdarow: “Dilde prefiksleriň söz ýasalyşy häsiýetli bolmanlygy we prefiksleriň kök sözlere goşulmagy bilen emele gelen sözleriň azlygy sebäpli, alliterirlenen tirkeş sözler, esasan, kök sözlerden, komponentlerden emele gelendir” diýip belleýär.

Umuman, türkmen we beýleki türki dillerde tirkeş sözleriň döreýşinde assonansirlenen we konsonansirlenen tirkeş sözlere-de köp duş gelmek bolýar. Assonans – sözüň başynda çekimli ses bilen başlanmagy. Dilde bu hili tirkeş

sözlere hem duşmak bolýar. Mysal üçin, *ewwelin-ahyryn, artuk-egsük, ata-ene* we beýlekiler.

Tirkeş sözleriň döreýşinde konsonansirlenmek häsiýeti-de dilimizde köp duş gelýär. Konsonansirlenen tirkeş we tirkeş-gaýtalanýan sözler – çekimsiz sesleriň diňe biriniň däl, eýsem beýleki çekimsiz sesleriň hem bogun ölçeglerine laýyklykda, sazlaşmagyna aýdylýar. Mysal üçin, *ýer-ýurt, düp-düz, herze-merze, geliş-baryş* we beýlekiler. Tirkeş sözleriň düzümindäki rifma, alliterasiýa, assonans, konsonans sazlaşygy tirkeş sözlere owazlylyk, sazlaşyk goşmak bilen bir hatarda many güýjüni artdyrmaga hem ýardam edýär. Türkmen diliniň ýazuw ýadygärliklerinde tirkeş sözler bellibir rifma, assonans, alliterasiýa, konsonans esasynda emele gelenlerine duş gelmek bolýar.

Umuman, türkmen we beýleki türki dillerde köp ulanylýan dil birligi bolan tirkeş sözleriň döreýiş kanunalaýyklyklaryny aýdyňlaşdyrmak möhümdir, çünki bu dil hadysasynyň döreýşi dilimizde häzire çenli-de dowam edip gelýär. Tirkeş sözleriň türkmen dilinde adamlaryň aragatnaşygy, sözleşigi, dil oýnatmasy esasynda emele gelmän, bellibir fonetik kanunalaýyklar esasynda döränligi ýüze çykaryldy.

Shirin Berdiyeva
(Turkmenistan)

PHONETIC PATTERNS OF THE FORMATION OF REDUPLICATIVE WORDS IN THE TURKMEN LANGUAGE

Phonetics is one of the main branches of linguistics, which has influenced the evolutionary pattern of the formation of reduplicative words. Of course, first of all it is important to note the work of K. Foy. The connection of reduplicative words based on phonetic patterns can be found in several works by Turkish and Russian scientists. The harmony of rhyme, alliteration, assonance, consonance in the composition of reduplicative words helps to give paired words sonority and harmony, and also helps to increase semantic meaning. In the written monuments of the Turkmen language, you can find reduplicative words formed on the basis of a certain rhyme, assonance, alliteration and consonance. In general, it is important to clarify the pattern of the origin of reduplicative words, which are a common linguistic unit in Turkmen and other Turkic languages since the origin of this linguistic phenomenon continues in our language to this day. It was revealed that reduplicative words in the Turkmen language were formed not on the basis of communication, speech or word play of people, but on the basis of certain phonetic patterns.

Ширин Бердыева
(Туркменистан)

ФОНЕТИЧЕСКАЯ ЗАКОНОМЕРНОСТЬ ОБРАЗОВАНИЯ ПАРНЫХ СЛОВ В ТУРКМЕНСКОМ ЯЗЫКЕ

Фонетика является одним из основных разделов языкознания, оказавшая влияние на эволюционную закономерность образования парных слов. В этом плане, прежде всего важно отметить работу К. Фоя. Про связь парных слов на основе фонетических закономерностей можно встретить в нескольких работах турецких и русских ученых. Гармония рифмы, аллитерации, ассонанса, консонанса в составе парных слов способствует приданию парным словам звучности и гармонии, а также способствует увеличению смыслового значения. В письменных памятниках туркменского языка можно встретить парные слова, образованные на основе определенной рифмы, ассонанса, аллитерации и консонанса. В целом важно уточнить закономерность происхождения парных слов, которые являются общей языковой единицей в туркменском и других тюркских языках, поскольку зарождение этого языкового явления продолжается в нашем языке до сих пор. Было выявлено, что парные слова в туркменском языке образовались на основе определенных фонетических закономерностей.

Saparberdi Çaryýew
(Türkmenistan)

XIX ASYR TÜRKMEN DESSANLARY

XIX asyr türkmen edebiýaty XVIII asyr edebiýatynyň dowamy bolmak bilen onda özboluşly häsiýetler emele geldi. Bu, esasan, halkyň ýaşaýyş, hal-ýagdaýlarynda täzelikleriň ýüze çykmagy, jemgyýetçilik-syýasy hadysalaryň täsiri bilen ýüze çykdy. Taryhdan mälim bolşy ýaly, XIX asyrda türkmen taýpalary köpçülikleýin oturumlylyga geçdiler ýa-da ýarym oturymly, ýarym çarwa durmuşa uýgunlaşdylar. XVIII asyra garanyňda bu döwrüň edebiýatynda şygyrýet žanry giň gerime eýe bolan hem bolsa çeper döredijiligiň dessan, poema görnüşleriniň özboluşly nusgalary emele geldi. Belli edebiýatçy alymlar A. Kekilow, R. Rejebow, S. Garryýew türkmen dessanlaryny birnäçe toparlara böldüler we olaryň aýratynlyklaryny ýüze çykardylar. XIX asyr türkmen edebiýatyndaky dessanlarda hem, esasan, XVIII asyrdaky dessançylyk däpleri dowam etdirilmek bilen ideýa-tematik, edebi keşpler ulgamynda, mazmunyň anyklygy, taryhy wakalary halky däp-dessurlary suratlandyrmakda täzelikler ýüze çykdy.

XIX asyrdaky dessanlaryň arasynda “yşk mülküniň şasy” Mollanepesiň “Zöhre-Tahyr” dessany aýratyn tapawutlanýar. “Zöhre-Tahyr” dessany çeperçiligi bilen türkmen nusgawy edebiýatynyň genji-hazynalarynyň biri hasaplanýar. Bu dessan ynsanyň söýgi duýgusyny, onuň mertebesini belent derejelere ýetirýänligi bilen tapawutlanýar.

XIX asyryň görnükli şahyrlarynyň biri Baýly şahyr hem dessan ýazmaga synanyşypdyr. Onuň dessany “Ejegyz-Baýly” atlandyrylýar. Dessan şahyryň durmuşy bilen bagly wakalar esasynda düzülipdir. Gahrymanlaryň söýgi gatnaşyklary öz döwrüniň garşylyklary bilen ösdürilýär. Şonuň üçin öz döwrüniň wakalaryny esere girizmekde tejribäniň ýetmezçiligi duýulýar.

Bu döwrüň dessanlarynyň arasynda elegiýa dessanlar duş gelýär. Olar Seýitnazar Seýdiniň “Goşa pudagym”, Misgingylyjyň “Batyr Nepes”, “Düýe Gurban” dessanlarydyr. Seýdiniň “Goşa pudagym” dessany şahyryň bagyr awusyny täsirli beýan edýär. “Batyr Nepes”, “Düýe Gurban dessanlarynda edermen, batyr ýigitleriň wepat bolmagynyň pajygasy görkezilýär.

Dowan şahyryň we Muhammetrahymyň dessanlary XIX asyrdaky taryhy wakalary beýan edýär. Olarda halk gahrymançylygy esasy orun tutýar. Talybynyň “Talyby-Sahypjemal”, Öwezmämmet Bahrynyň “Derwiş Bahry” dessanlary sopuçylyk akymynyň ideýa esaslary boýunça döredilipdir. Allaguly Allahynyň “Toý” dessany türkmen durmuşyny görkezýär.

Bu dessanlar türkmen edebiýatynyň dessançylyk däplerinde täzelikleriň ýüze çykandygyny aňladýar.

Saparberdi Charyyev
(Turkmenistan)

TURKMEN DESSANS OF THE 19TH CENTURY

Despite the fact that poetry was the main genre in the 19th century in Turkmen literature, lyric-epic works such as detans and poems occupied a special place. Turkmen destans of the 19th century were created on such themes as love-romantic, elegy, heroic, Sufi and life. In these destans, along with the traditions of dessans in Turkmen literature, there were innovations in the idea-thematic, form-content and artistic language have appeared.

Сапарберды Чарыев
(Туркменистан)

ТУРКМЕНСКИЕ ДЕСТАНЫ XIX ВЕКА

Несмотря на то, что в XIX веке поэзия являлась основным жанром, лиро-эпические произведение, такие как дестаны и поэмы занимали особое место. Туркменские дестаны XIX века создовались по таким темам как любовно-романтические, элегия, героические, суфисткие и жизненные. В этих дестанах, наряду с традициями дестанов в туркменской литературе, появились новации в идейно-тематическом, формасодержательном и художественном языке.

Ýazgeldi Çaryýew
(Türkmenistan)

“GARAMANNAMA” ESERINIŇ DÖREÝIŞ TARYHYNDAN

XI–XIII asyryň başlarynda Orta Aziýa ylym-bilimiň gülläp ösen merkezleriniň biri bolupdyr. Sebitde dünýä belli alymlar, şahyrlar, edebiýatçylar, taryhçylar döräpdir. Birnäçe ylmy ojaklar, kitaphanalar gurlup, olarda dünýäniň dürli künjeklerinden alymlar gelip işläpdirler. Ýöne gynansakda, XIII asyryň başlarynda mongol çozuşlarynyň netijesinde, sebitdäki ýaşaýjylar, şol sanda alymlar hem Günbatara göçüşlerini amala aşyrypdyrlar. Dogduk mekanyndan aýra düşen birnäçe alymlaryň arasynda Hoja Dehhani atly bir şahyr bolupdyr. Onuň öz kyssalaryndan görnüşine görä, ol Horasandan bolupdyr. Dehhani Konýa şäherine gelip, Anadoly seljuk türkmen döwletinde köşk şahyry bolup işläpdir.

Soltan Alaeddin II Keýkubat Dehhaniniň üsti bilen Ferdöwsiniň “Şanama” atly kitaby bilen tanyşyp, şahyra seljuk soltanlary üçin ýigrimi müň bentli şanama ýazdyrypdyr. Soňra bu eser bilen Garaman begi Alaeddin beg (1361–1397 ý.) tanyşyp, Ýaryjany atly şahyra Garaman nesilşalygy üçin hem şeýle çeşmäni ýazdyrypdyr. Aslynda ol şanamany hem Dehhani ýazyp başlapdyr. Ýöne 600 bendi ýazyp tamamlandan soň, ol dünýäden ötüpdir. Alaeddin beg bolsa ony tamamlamagy Ýaryjana tabşyrypdyr. XVI asyrda “Garamannama” eserini türk[men] diline terjime eden Şikari Dehhani bilen Ýaryjanynyň ýaşan ýyllarynyň arasynda bir asyra golaý wagtyň bardygyny belleýär. Dehhaniniň döreden eserlerinden we toplanan maglumatlar netijesinde onuň, takmynan, 1218–1303-nji ýyllarda ýaşandygyny çaklaýarys.

“Garamannama” eserini dowam etdiren Ýaryjany şahyr we onuň döreden eserleri barada hem biziň günlerimize hiç hili maglumat gelip ýetmändir. Hatda

Dehhaniniň we Ýaryjanynyň Seljuk türkmen soltanlary we Garaman begleri barada ýazan şanamalary hem dürli gözleglere garamazdan, häzirki wagta çenli tapylmaýar. Ýöne Şikäriniň Ýaryjanynyň "Şanamasyny" türk[men] diline terjime eden nusgasy biziň günlerimize gelip ýetipdir. Şol çeşmäniň beýan edilişinden hem şahyr Ýarjanynyň ýaşan ýyllaryny we eseri haýsy döwrüň wakalary bilen tamamlandygyny çaklamak bolýar. Eserde beýan edilişine görä, Ýaryjanynyň "Garamannamany" Alaeddin beg döwründe Dehhaniniň galdyran bölegini dowam etdirendigini bilmek bolýar. Eseriň deň ýaryna golaýynyň Alaeddin beg barada beýan edilmegi bolsa, Ýaryjanynyň onuň köşk şahyry we hemişe ýanynda bolup kätiplik edipdir diýip çaklamaga mümkinçilik döredýär.

Çeşmede Alaeddin begden soňky hökümdarlar barada gysgaça maglumatlar berilýär. Bu bolsa Ýarjanynyň eserde diňe Alaeddiniň döwri bilen çäklenendigini görkezýär. Ondan soňky begler barada eseri türk[men] diline terjime eden Şikäri XVI asyrda özi ýazyp tamamlapdyr. Maglumatlardan görnüşine görä, Ýaryjany şahyryň, takmynan, 1335–1400-nji ýyllar aralygynda 65 ýaşap dünýäden ötendigini çaklamak bolýar.

Biziň günlerimize gelip ýeten türk[men] diline terjime edilen "Garamannama" dessany soňky Garaman begi Kasym begiň (1469–1483 ý.) zäherlenip öldürilişine çenli taryhy döwri öz içine alýar. Eseriň başynda Şikäri: "Ýaryjany gaýtalanmajak bir şanama ýazypdyr. Pelek gülüp bakmandyr. Bahasy anyklanylman nadan elinde galypdyr. Ýagny, pars dilinde bolany üçin meşhurlyk gazanyp bilmändir. Men bir çäresini tapyp, ony türk[men] diline terjime edenimden soň, giňden okamaga mümkinçilik döredi" diýip, Garaman begi Mehmet begiň türkmen dili döwlet dili bolmaly diýip beren buýrugyndan ugur alyp, üç asyrdan soň bu eseri türk[men] diline terjime edendigini we şondan soň halk köpçüligi üçin okamaga elýeterli bolandygyny belleýär. Şeýle hem terjimeçi awtor eseri diňe bir terjime etmän, eýsem ony garamanogullarynyň soňky taryhyna çenli ýazyp doly tamamlapdyr. Osmanly taryhçylarynyň berýän maglumatlaryna görä, Şikäri 1584-nji ýylda aradan çykypdyr.

Umuman, türkmen halkynyň taryhynyň aýrylmaz bir bölegi bolan Garamanogullary begliginiň taryhyny beýan edýän "Garamannama" eseriniň ýazylyş ömri begligiň öz höküm süren döwri bilen döwürdeşdir. Kitap diňe bir türkmen halkynyň taryhyny özünde jemlemän, eýsem haçly ýörişleriň, Kiçi Aziýadaky mongollaryň, ermenileriň, grekleriň, wolga bulgarlarynyň taryhyny öz içine alýar.

Yazgeldi Charyyev
(Turkmenistan)

FROM THE HISTORY OF THE CREATION OF THE WORK "KARAMANNAMA"

In the 11th and at the beginning of the 13th centuries, Central Asia was one of the flourishing scientific and educational centres. The world-famous scientists, poets, writers, and historians lived in the region. During that period, their creations influenced all over the world. Such works as "Seljuknama", "Saltyknama", "Danishmentnama", "Karamannama", describing the history of their time, were created in the Anatolian Seljuk Turkmen State, built on the territory of Asia Minor, and in other Turkmen Beyliks. Among them, the history of creation of "Karamannama" covers a very long period. The source was written at different times by such scholars as Dehhani, Yaryjany and Shikari. It tells not only about the history of the Turkmen people, but also about the Crusades, as well as the political, economic, and cultural relations of the Mongols, Armenians, Greeks, and Volga Bulgars in Asia Minor.

Язгельды Чарыев
(Туркменистан)

ИЗ ИСТОРИИ СОЗДАНИЯ ПРОИЗВЕДЕНИЯ "КАРАМАН-НАМЕ"

В XI–XIII вв. Средняя Азия была центром развития научно-образовательной деятельности, где в те времена творили учёные, литераторы и историки с мировым именем. Их труды разошлись по свету и оказали значительное влияние на науку и культуру многих народов. Среди них – "Сельджук-наме", "Салтык-наме", "Данышменд-наме", "Караман-наме" и др., которые представляют собой хронологическую летопись ряда заложенных туркменами-сельджуками бейликов в Малой Азии, в частности Анатолии. Произведение "Караман-наме" примечательно пролонгированной историей создания. Оно написано и дополнено учёными Шикари Деххании, Яриджани. В нём описывается не только история туркменского народа, но и приводятся сведения о крестовых походах, политических, экономических и культурных отношениях различных народов на территории Малой Азии – монголов, армян, греков, волжских булгар.

Hurma Çommadowa
(Türkmenistan)

HORASANYŇ HÄKIMI SOLTAN HÜSEÝIN BAÝKARA BILEN AKGOÝUNLY DÖWLETINIŇ HÖKÜMDARY ÝAKUP BEGIŇ ÖZARA GATNAŞYKLARY

Orta asyrlarda gurlup, "Änew metjidi" ady bilen hem tanalýan Seýit Jemaleddin metjidi 1948-nji ýyldaky ýer titremeden soň, weýran bolup, häzirki wagtda diňe galyndylary saklanyp galdy. Taryhy ýadygärlik weýran bolmazyndan öň öwrenen alym G.A.Pugaçenkowanyň "Мечеть Аннау" atly kitaby 1959-njy ýylda Aşgabatda neşir edildi. Şol kitapda berilýän maglumatlara görä, ýadygärligi öwrenen W.A.Žukowskiý desganyň ýazgysynda Horasanyň hökümdary soltan Abul-Kasym-Babyryň (1446–1457), metjidi gurduran Muhammediň atlaryny okapdyr.

1457-nji ýylda soltan Babyr aradan çykansoň, özara uruşlar we weýrançylyklar başlanypdyr. Söweşlerden soň Horasanyň häkimligine 1470-nji ýylda ýene-de Hyrata gelen Hüseýin Baýkara geçip, tä aradan çykýança 1506-njy ýyla çenli hökümdarlyk edipdir. Onuň hökümdarlygy demirgazykda Horezme, günortada Kandahara, gündogarda Gazna we Balha, günbatarda Damgana we Bistama çenli uzalyp, Hyrat merkez bolupdyr.

Änew metjidini gurduran Muhammediň teýmirleriň nesilşalygyndan Horasanyň häkimleri Abul Kasym Babyryň hem-de soltan Hüseýin Baýkaranyň weziri bolan Muhammet Hudaýdotdygyny G.A.Pugaçenkowa ady agzalan kitabynda ýazypdyr.

Horasanyň häkimi Hüseýin Baýkara günbatarynda ýerleşen Akgoýunly döwleti bilen dostlukly gatnaşyklary saklapdyr. Akgoýunlylar bilen teýmirleriň arasyndaky gatnaşyklar emir Teýmiriň döwründe XIV asyryň ahyrynda ýola goýlupdyr.

XV asyryň ahyrynda teýmirler bilen akgoýunlylaryň arasyndaky gatnaşyklar barada Ýakup begiň (1478–1490) dolandyran döwrüniň taryhçysy Fazlullah ibn Ruzbihan Hünjiniň "Tarih-i alam-ara-ýi Amini" atly eserinde beýan edilipdir. 1487-nji ýylda Ýakup begiň ýanyna Muizz ed-Daula wad-Din Abul-gazy soltan Baýkaranyň ilçisi Nyzam ed-Din Aşyk Muhammet Argun gelende, Akgoýunly döwletiniň hökümdaryna hat getiripdir. Iberilen hatda iki döwletiň arasynda öňden bäri dowam edýän dostluk beýan edilipdir. Şeýle hem Hüseýin Baýkaranyň ogly Muin ed-Dawla wad-Din Muzaffar Hüseýin Bahaduryň öýlenýändigi baradaky habar ýerleşdirilipdir. Mundan başga 1489-njy ýylda-da dostlukly gatnaşyklary has hem berkitmek maksady bilen Muizz ed-Dawla wad-Din Abul-gazy soltan Baýkaranyň ilçisi Ýakup begiň ýanyna gelipdir. Bu maglumatlar türkmen hökümdarlaryň guran we dolandyran döwletlerinde dostlukly gatnaşyklaryň tarapdary bolandyklary görkezýär.

Hurma Chommadova
(Turkmenistan)

PERSONAL RELATIONSHIPS BETWEEN SULTAN HUSSEIN BAYKARA, THE RULER OF HORASAN AND YAKUP BEY, THE RULER OF THE STATE OF AKGOYUNLY

Famous archaeologist, academician G.A.Pugachenkova noted that Muhammet, a builder mentioned in the inscriptions on the portal at the Anev mosque, is prominent Emir Muhammet Hudaydot of two Timurid sultans Abul Kasym Babyr and Hussein Baykara.

The work provides valuable data on the personal relationship of a representative of the Timurid dynasty with ruler of the state of Akgoyunly Yakup bey taken from the work of Fazlullah ibn Ruzbihan Hunji “Tarikh-I alam-ara-yi Amini”.

Хурма Чоммадова
(Туркменистан)

ЛИЧНОСТНЫЕ ВЗАИМООТНОШЕНИЯ ПРАВИТЕЛЯ ХОРАСАНА СУЛТАНА ХУСЕЙНА БАЙКАРЫ И ПРАВИТЕЛЯ ГОСУДАРСТВА АКГОЮНЛЫ ЯКУП БЕКА

Известный ученый-археолог, академик Г.А. Пугаченкова отмечает, что упомянутый в надписях на портале мечети Анау некий Мухаммед, является известным в свое время визирем двух тимуридских султанов Абул Касыма Бабура и Хусейна Байкары Мухаммет Худайдота.

В работе приводятся ценные сведения о личностных взаимоотношениях представителя династии Тимуридов с правителем государства Акгоюнлы Якуп беком, взятые из сочинения Фазлуллаха ибн Рузбихана Хунджи “Тарих-и алам-ара-йи Амини”.

Bike Diwangulyýewa
(Türkmenistan)

DESSEGÜL BURUNOWA – ILKINJI TÜRKMEN ZENAN ETNOGRAFY

Türkmen halkynyň taryhyny, etnografiýasyny öwrenmekde saldamly goşant goşan zenan alymlaryň ylmy mirasy uly ähmiýete eýedir. Gahryman Arkadagymyz "Enä tagzym – mukaddeslige tagzym" kitabynda şeýle belleýär: "Türkmenistanda zenanlaryň jemgyýetde eýeleýän orny demokratiýanyň ählumumy ýörelgeleriniň halkymyzyň milli ruhy däpleri bilen sazlaşykly ösüşinde kemala gelýär".

Türkmen halkynyň medeni mirasyny emele getirýän parasatly däp-dessurlaryny, maddy-ruhy medeniýetini öwrenmekde zenan alymlary köp işleri bitirdiler, bu babatda ilkinji ylmy barlaglary alyp bardylar, halypa-şägirtlik ýoluny durmuşa ornaşdyrdylar.

Ýurdumyzda ilkinji etnografik ylmy barlaglar XX asyryň 20-nji ýyllarynda başlanýar. 1925-nji ýylda Türkmen ylmy-barlag instututy açylýar we onuň çäginde etnografiýa bölümi döredilýär. Bu bölümde G.N.Karpow, A.A.Karelin ýaly alymlar bilen birlikde türkmen halkynyň maddy-ruhy medeniýetini ilkinji türkmen zenan etnografy Dessegül Burunowa işläp başlaýar. Alym 1926-njy ýylda geçirilen ilkinji türkmen etnografik ekspedisiýanyň geçirilmegine öz saldamly goşandyny goşupdyr. Dessegül Burunowa we bölümiň beýleki hünärmenleri ilkinji nobatda ylmy saparyň meýilnamasyny düzüpdirler. Onda şeýle ylmy barlaglar göz öňünde tutulypdyr: "Ilatyň durmuşy bilen tanyşmak işleri şu aşakdakylary öz içine almaly: maşgala düzümi we däp-dessurlary; hojalyk görnüşleri; maldarçylyk däpleri we öri meýdanlara bolan eýeçiligiň görnüşleri. Durmuşy ýagdaýlary şu ugurlar boýunça öwrenmeli: 1) milli egin-eşikler; 2) şaý-sepler; 3) öý goşlary; 4) zähmet gurallary; 5) howlularyň, jaýlaryň, gapylaryň, peçleriň görnüşleri; 6) öý işleri: dokmaçylyk, örme, tagamlaryň görnüşleri we taýýarlanylyşy; 7) nagyşlaryň aýratynlyklary: gapylarda, jaýlarda, şaý-seplerde we ş.m.". Etnograf D.Burunowanyň ylmy gözlegleri, esasan, maşgala däp-dessurlaryny, zenanlaryň zähmet işjeňligini, el işlerini öwrenmekde jemlenipdir.

1927-nji ýylda medeni miras ugurly ylmy barlaglar has hem ýaýbaňlanýar hem-de Türkmen medeniýetiniň instituty öz işine başlaýar. Institutyň has ýörgünli ady Turkmenkult bolupdyr. Insitututda birnäçe alym zenanlar zähmet çekipdir. Ilkinji türkmen zenan etnografy Dessegül Burunowa bu institutda öz işini

dowam etdiripdir. Alym bu institutyň ylmy neşiri bolan “Türkmen medeniýeti” (“Туркменоведение”) žurnalynda makalalary çap edilipdir.

Birnäçe ýyllyk ylmy gözlegleriň netijesinde D.Burunowanyň 1931-nji ýylda “Türkmenistanda zenanlar” atly ylmy işi ýazypdyr we bu kitapda zenan zähmeti bilen bagly dessurlary suratlandyrypdyr, toý däp-dessurlary beýan edipdir.

1950–1960-njy ýyllarda Dessegül Burunowa ýanýoldaşy ýazyjy Garaja Burunow bilen edebi terjimeleri arkaly tanalypdyr. Türkmenistanyň halk artisti Bazar Amanow bu döredijilikli maşgala barada şeýle ýatlapdyr: “Garaja Burunow bilen “Keýmir Kör” pýesasyny ýazmak üçin basa oturyp ýarym ýyl işledik. Onuň aýaly Dessegül hem teatr üçin işleýärdi. Ol teatrda goýulýan pýesalary türkmen dilinden rus diline terjime edýärdi”. Dessegül Burunowanyň köptaraply zehini, zähmetsöýerligi, tutanýerligi ylmy etnografik barlaglarda, edebi terjimelerde, dramaturgiýada öz beýanyny tapdy. Ol türkmen etnografiýasynyň gözbaşynda duran alymlaryň biri bolup, ylmyň usulyýetini düzmek, ylmy saparlaryň ilkinji tejribesini ugrukdyrmak boýunça işleri alyp bardy.

Bike Divangulyyeva
(Turkmenistan)

DESSEGUL BURUNOVA, FIRST TURKMEN WOMAN ETHNOGRAFER

The 20s of the XX century were the time of the formation of ethnological science in Turkmenistan. In 1925 the Turkmen Research Institute was opened, where an ethnographic bureau was created, and subsequently on its basis in 1927 the Institute of Turkmen Culture (Turkmenkult) was formed. Among other scientists, Dessegul Burunova (1898–1973), the first Turkmen woman ethnographer, worked there. She studied the life of Turkmen women and wrote a scientific work “Woman in Old Turkmenistan” which was published in the 1930s. In this study the ethnographer showed many rituals related to women’s labor and made an attempt to identify origins of some of the wedding rituals. Later, Dessegul Burunova showed herself as a writer and translator. Together with her husband famous Turkmen writer and playwright Garaja Burunov, she translated stories and plays of Russian writers from Russian into Turkmen.

Бике Диванкулиева
(Туркменистан)

ДЕССЕГУЛЬ БУРУНОВА, ПЕРВАЯ ТУРКМЕНСКАЯ ЖЕНЩИНА-ЭТНОГРАФ

20-е годы XX века стали временем становления этнологической науки в Туркменистане. В 1925 году был открыт Туркменский научно-исследовательский институт, где было создано этнографическое бюро, а впоследствии на его базе в 1927 году был образован Институт Туркменской культуры (Туркменкульт). Среди других ученых здесь работала Дессегуль Бурунова (1898-1973), первая туркменская женщина-этнограф. Она изучала быт туркменских женщин и написала научную работу "Женщина в старой Туркмении", которая была опубликована в 1930-е годы. В своем исследовании этнограф показала обряды, непосредственно связанные с женским трудом и предприняла попытку выявить истоки некоторых свадебных обрядов. Позже Д. Бурунова проявила себя как литератор и переводчик. Вместе со своим мужем – известным туркменским писателем и драматургом Караджа Буруновым она переводила с русского на туркменский язык рассказы и пьесы русских писателей.

Güýçmyrat Durdymyradow
(Turkmenistan)

TALYPLARYŇ DÖREDIJILIKLI SÖZLEÝŞINI HEKAÝA DÜZMEK USULY ARKALY ÖWRETMEGIŇ ÄHMIÝETI

Berkarar döwletimiziň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe, hormatly Prezidentimiziň yzygider tagallasy bilen, Türkmenistan dünýä ýurtlary bilen ykdysady, syýasy, ylmy, medeni, söwda, gumanitar, işewür, sport we syýahatçylyk ugurlar boýunça halkara aragatnaşygy giňden ýaýbaňlandyrýar.

Dilleri döredijilikli öwretmek we öwrenmek, ilkinji nobatda, döredijilikli pikirlenmek bilen baglanyşyklydyr. Talyplaryň döredijilikli pikirlenişini ösdürmek üçin mugallym olara taýýar sözleýiş teksti hödürlemezden, sözleýiş tekisti döretmegi, ýa-da nusgawy tekstden temalary tapyp olary sözleýişde döredijilikli giňeltmegi, ýa-da nusgawy tekstdäki aýdylmadyk maglumaty çaklamak we göz öňüne getirmek ýoly bilen gürrüň bermegi talap edýan ýumuşlary bermeli.

Hödürlenýän nutugymyzda talyplara iňlis dilinde döredijilikli söleýşi owretmegiň artykmaçlyklary barada we bu babatda mugallymyň usuly işleri barada gürrün edilýär hem-de döredijilikli sözleýşe degişli ýumuşlaryň mysallary berilýär.

Ýokary mekdep iş tejribesiniň görkezişine görä, orta mekdebi tamamlap gelýän talyplaryň köpüsi iňlis dilindäki tekstleri ýatdan öwrenip, tekstleri "galyby" (formal) sözleýişde beýan etmäge synanyşýarlar. Galypy (formal) sözleýiş-bu sözleýiş tekstine hiç hili täzelik goşmazdan, manysyny üýtgetmän, gürrüň bermekdir. Mysal üçin, "Meniň maşgalam" atly tekstde "meniň üç sany doganym bar" (I have three siblings.) diýilse, hakykatda sözleýäniň dört sany dogany bar hem bolsa, ol hem şol bir sözlemi üýtgetmän gaýtalaýar. Tekstleri şeýle formal (standart, galyniy) görnüşde öwrenmegiň ýa-da ýat tutmagyň özi talyplaryň döredijilikli pikirlenşini (hususy, indiwidual) we sözleýşini ösdürmeýär, ýagny talyp sözleýiş tekstine öz şahsy goşandyny goşman, hiç hili täzelik girizmän geplemäge ymtylýar.

Biz hekaýa düzmek usuly arkaly sözleýiş prosesini amal etmekde, esasan hem, gepleýäniň içki emosional, döredijilikli sözleýşini işjeňleşdirýäris. Bu babatda, biziň pikirimizçe, sözleýän diňe bir özi üçin sözlemän ýa-da içki sözleýşi meýilleşdirmän (programmalaman), eýsem geljekki sözleýşiň logiki baglanyşygyny, yzygiderliligini öňünden kesgitlemegi (prognozlamagy) hem başarýar, hut şu başarnyk esasynda ol täze hekaýanyň logiki ideýasyny, içki meýilnamasyny daşky jemagat sözleýşe üstünlikli geçirip bilýär, çünki "geplemek motiwi (islegi) çuňňur pynhandyr, indiwidualdyr, bitewüdir hem-de gönümel dolandyryp bolmaýan hadysadyr, ýöne sözleýiş tejribesinde gaýybana ugrukdyrmak mümkinçiligi örän möhüm orna eýedir" (Выготский Л.С. Психология развития человека. – М.: Изд-во Смысль; Эксмо, 2005. 169 s.). Diýmek, kommunikatiw/interaktiw usullaryň ýörelgelerini peýdalanyp, mugallym hekaýalaryň gyzykly mazmuny arkaly talyplaryň indiwidual içki gyzyklanmasyny, geplemek höwesini oýaryp biler. Hekaýalardaky gapma-garşylyklar talybyň pikirlenmesini, içgepletmesini daşky, jemagat sözleýşe çykarmaga mejbur edýär. Bu babatda mugallym okuw-terbiýeçilik prosesinde talyplaryň sözleýşine ikitaraplaýyn täsir edýär. *Birinjiden*, okalan hekaýadan jedelli mesele tapyp, olaryň içki, indiwidual pikirlenmesini, gyzyklanmasyny oýarýar, *ikinjiden*, olaryň daşky sözleýşini öz barlagynda, täsirinde saklap, netijeli dolandyrmaga hem-de dürli sözleýiş temalar, wakalar arkaly olary ýüzbe-ýüz, gönümel sözleýşe çekmäge mümkinçilik tapýar.

Talyplaryň döredijilikli sözleýşini guramakda mugallym, esasan, üç wezipäni ýerine ýetirýär. Ol sözleýşi gurnaýjy, sözleýşiň agzasy, dolandyryjysy we araçysy bolup çykyş edýär. Döredijilikli sözleýşiň dolandyryjy wezipesini alyp barmakda, mugallym şol bir wagtyň özünde sözleýşiň agzasy bolup hem çykyş edýär. Ol talyplara islendik bir täze dil öwrenilende sözleýişde ýalňyşlaryň köp bolýandygyny

ýatladyp, sözleýişde ýalňyşmakdan çekinmezligi ündäp, talyplara psihologik taýdan oňaýlylyk döredýär.

Şeýlelikde, hekaýa düzmek usuly, ilkinji nobatda, talyplaryň döredijilikli sözleýşini kämilleşdirmäge hem-de kommunikatiw kompetensiýasyny ýokarlandyrmaga niýetlelendir. Bu usul arkaly talyplaryň döredijilikli sözleýşini gurap, olaryň sözleýşe bolan içki isleglerini oýarmaly. Bu bolsa olaryň geljekki sözleýiş işlerini höwes bilen amal etmäge itergi bolup hyzmat edýär. Döredijilikli sözleýşiň içki meýilnamasy gepleýäniň emosional täsire düşmegi arkaly amal edilen ýagdaýda, beýnidäki sözleýiş merkeziniň we sözleýiş agzalarynyň işjeňligi artýar we bu işjeňlik bolsa sözleýşiň içki meýilnamasyna baglylykda sözleýşiň logiki manysyny, mazmunyny aňynda saklamaga ýardam berýär hem-de sözleýşi many taýdan logiki yzygiderlilikde amal etmäge gönükdirilýär.

Guychmyrat Durdymyradov
(Turkmenistan)

ADVANTAGES OF TEACHING STUDENTS' CREATIVE SPEECH SKILLS THROUGH STORY COMPOSING METHOD

This report is devoted to the problems of developing the students' creative speech skills and communicative competence in English using Story Composing method. The report also discusses the teacher's methodological activities on organizing students' creative speech and offers some sample exercises for developing students' creative speech skills.

Organizing creative speech the teacher carries out mainly three functions (a leader of the conversation; a member of the conversation; a controller and facilitator) in organizing creative speech of the students. The teacher's leadership fundamentally changes in organizing the students' creative speech, he acts as a member of conversation and reminds the students that a new language is learned making mistakes and correcting them collaboratively during conversations. This enables the teacher to create favorable psychological conditions for conducing effective communication and interaction between the students. L.S. Vygotsky wrote about this: motivation to speak is deeply mysterious, individual and integral, and unmanageable phenomena, but in speaking practice it can be managed indirectly which is important for teaching speaking.

Гуйчмурат Дурдымурадов
(Туркменистан)

ПРЕИМУЩЕСТВА ОБУЧЕНИЯ СТУДЕНТОВ СОЗИДАТЕЛЬНОЙ РЕЧИ ПОСРЕДСТОМ МЕТОДА СОСТАВЛЕНИЯ РАССКАЗА

Доклад посвящается проблемам развития творческих способностей, а также повышения общей коммуникативной компетенции студентов методом составления рассказа. В докладе также рассматриваются вопросы методологической работы преподавателя по обучению созидательной речи и предлагаются образцы упражнений для развития креативной речи студентов.

Преподаватель осуществляет в основном три функции в организации созидательной речи студентов (лидер разговора, участник разговора; управляющий и как посредник разговора). Функция лидерства преподавателя коренным образом изменяется, и он становится участником разговора и напоминает студентам, что при изучении любого нового языка они, естественным образом, допускают ошибки, которые могут быть устранены в процессе беседы. Это позволяет преподавателю создавать благоприятные психологические условия для ведения эффективного разговора и интеракции между студентами. Л.С.Выготский подчеркивает значимость функций преподавателя в контексте общей мотивации обучения речи. Он указывает, что мотивация к говорению – глубоко загадочное, индивидуальное, интегральное и не управляемое явление, но в разговорной практике оно опосредованно управляется, и это имеет крайне важное значение для практики разговорной речи.

Hezretguly Durdyýew
(Türkmenistan)

XXI ASYRDA TÜRKMEN DILINIŇ DÜÝPLI ÖWRENILIŞI

Täze asyryň başyndaky latyn harplaryna esaslanýan “Türkmen diliniň grammatikasy. Morfologiýa” atly kitap türkmen elipbiýinde çap edilen ilkinji we uly göwrümli akademiki neşirdir. Kitapda sözüň morfologik düzümi hakynda giňişleýin düşünje berlip, onda öňki ulanylan alynma terminlere derek täze adalgalar hödürlenipdir.

Türkmen diliniň fonetikasynyň ähli meselesini diýen ýaly giňişleýin derňeýän we ylmy häsiýetiniň ýokarydygy bilen tapawutlanýan uly göwrümli iki kitapdan ybarat “Türkmen diliniň fonetikasy” atly jiltlik diňe bir türkmen dil biliminde

däl, eýsem türkologiýada hem ýokary baha mynasyp boldy. Eksperimental-tejribe maglumatlara daýanylyp, çuň işlenen we täze ylmy netijelere gelnen jiltlik, dilimiziň ses gurluşynyň möhüm meselelerini özünde jemleýän akademiki neşir hasaplanylýar.

Gadymy ýazuw ýadygärliklerimizi öwrenmek, beýik şahsyýetlerimiziň döreden eserlerini ylmy esasda düýpli seljermek, türkmen dil biliminiň döwürleýin ösüş ýollaryny yzarlamak, häzirki döwürde edilýän talaplaryň esasyny düzdi. Şondan ugur alnyp, VI–VIII asyrlara degişli gadymy elipbiýlerdäki ýazgylary dil nukdaýnazaryndan hertaraplaýyn häsiýetlendirýän uly ylmy iş ýazyldy. Mahmyt Kaşgarlynyň "Türki dilleriň diwany" atly sözlügi arap dilinden terjime edilip, neşir edildi. Nusgawy akyldarlarymyzyň eserleriniň dilimiziň taryhyny töwerek-leýin dikeltmekde hem-de häzirki zaman türkmen dilini çuňňur öwrenmekde ygtybarly çeşmedigi açylyp görkezildi.

Türkmen halkynyň taryhynyň dürli döwürleriniň derwaýys meselelerini derňemegiň çäklerinde ýazylan ylmy monografiýada türkmen dil biliminiň gadymy ösüş taryhyna seljermeler berlip, XX asyrda we Garaşsyzlyk ýyllarynda hem-de XXI asyryň başlarynda dilimiziň döwürleýin ösüş ýollary öwrenildi, onuň häsiýetli aýratynlyklaryna baha berildi. Dilimiziň ösüş taryhynda elipbiý meselesiniň çözülişi hem özleşdirilişi, dürs ýazuw kadalarynyň düzülişi, adalgalaryň döredilişi, grammatik gurluşyň işlenilişi hem-de stilistikanyň öwrenilişi, döwürlere görä yzarlanyldy we olaryň türkmen dil biliminiň ösmegine eden täsiri kesgitlenildi.

Ýazuw ýadygärliklerimiziň söz baýlyklarynyň belli bir bölegi esasynda taýýarlanyp, neşir edilen gadymy türkmen diliniň sözlüginiň iki jiltligini türkmen ylmynyň taryhynda ilkinji gezek çap edilen uly göwrümli iş hasaplamak bolar. Türkmen diliniň VIII–XVII asyrlara degişli ýazuw ýadygärlikleriniň 30-a gola-ýynyň maglumatlaryny özünde jemleýän üç jiltli "VIII–XVII asyr türkmen diliniň sözlüginiň" düzülmegi, alymlarymyzyň täze üstünligidir. Ene dilimiziň iki müňden gowrak sözüniň gelip çykyşyny yzarlap, aslyny anyklaýan sözköki sözlüginiň çap edilmegi, öz döwründe aýratyn ähmiýete eýe boldy. Sözlük dilimiziň gadymy döwürden bäri ösüş tapgyrlary barada gymmatly maglumatlary özünde jemledi.

Beýik Ýüpek ýolunyň ugrunda yzygiderli dörän gymmatly ruhy mirasy düýpli seljermek, gymmatly we delilli maglumatlary berýär. Bu ýoluň ugrunda ýerleşen we taryhy çeşmelerde ýatlanylýan şäherler, obalar, galalar, oturymly ýerler, kerwensaraýlar, menziller hem-de olar bilen baglanyşykly taryhy eserlerde ýatlanylýan maglumatlar esasynda düzülip, neşir edilen "Türkmenistanyň oba we şäher atlarynyň sözlügi" hem şeýle gymmatlyklaryň netijesidir.

Alym Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň umumy redaksiýasy bilen neşir edilen iki jiltli "Türkmen diliniň düşündirişli sözlüginde" häzirki döwürde hemmetaraplaýyn ösýän jemgyýetimizde dilimiziň kämilleşiş ýagdaýy ähli inçelikleri bilen şöhlelendirildi. Bu sözlüge türkmen dilinde giň gerimde

ulanylýan işjeň sözler, täze adalgalar, söz düzümleri we durnukly aňlatmalar alyndy. Türkmen dilçileriniň taýýarlan "Türkmen diliniň orfografik sözlügine" türkmen dilinde ulanylýan ýörgünli sözleriň aglabasy girizildi. Sözlükde, esasan, ulanylyp gelinýän kadalardan hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň täze elipbiý we onuň ýazuw düzgünleri baradaky kararyndan ugur alyndy.

"Harby adalgalaryň sözlügi" latyn elipbiýinde neşir edilen ilkinji sözlük bolup, onda harby adalgalaryň milli häsiýete eýe bolandygy anyk duýulýar. Türkmen dil biliminde ilkinji gezek "Kiberhowpsuzlyk adalgalarynyň sözlügi" düzüldi. Dünýä sözlükşynaslyk tejribesinden, innowasiýa ösüşlerinden ugur alnyp düzülen bu sözlük, häzirki zaman kiberhowpsuzlyk adalgalaryna degişli söz baýlyklarynyň aglaba bölegini öz içine aldy.

Umuman, milli dilimizi çuňlaşdyryp öwrenmek bilen bagly meseleleriň çözülişi hemişe üns berilmeli wezipeleriň hatarynda durýar. Häzirki dünýäniň ösen şertlerinde dilimizi has-da ösdürmek bilen bagly möhüm meseleler boýunça geçirilmeli çäreleriň toplumlaýyn çözülmegi uly ähmiýete eýe bolýar.

Hezretguly Durdyyev
(Turkmenistan)

FUNDAMENTAL STUDYING OF THE TURKMEN LANGUAGE IN THE XXI CENTURY

Solving issues related to deep studying of our native language are considered in this report, because they are priority tasks. The events being conducted to solve this issue aimed at developing of our language gains complex nature, which is of great importance. The outcomes of these works are consolidations of efforts of the representatives of creativity and scholars of our country in such matters as care attitude to the native language, preserving its purity and richness as well as deep studying of the language. The events to be held will make a great contribution, develop and increase its importance in the society.

Хезретгулы Дурдыев
(Туркменистан)

ФУНДАМЕНТАЛЬНОЕ ИЗУЧЕНИЕ ТУРКМЕНСКОГО ЯЗЫКА В XXI ВЕКЕ

В данном докладе рассматривается решение вопросов, связанных с углублённым изучением нашего национального языка. Проводимые в

настоящее время мероприятия по решению важных вопросов для развития национального языка приобретают комплексный характер, что имеет очень большое значение. Результаты этих работ заключаются в консолидации усилий представителей творчества и учёных нашей страны в таких важных вопросах как бережное отношение к родному языку, сохранение его чистоты и богатства, а также, основательное его изучение. А мероприятия, составляющие основу этих задач, в будущем будуть укреплять развитие нашего языка и повысят его значение в обществе.

Orazpolat Ekäýew
(Türkmenistan)

NEDIR ŞANYŇ MAŞGALA ŞEJERESI WE ONUŇ ÝAŞLYK ÝYLLARYNDA BAŞDAN GEÇIRENLERI

Oguzhanyň Owşar agtygynyň neberelerinden ilki döwlet, soňra imperiýa döreden Nedir şa ady bilen taryhda meşhur bolan şahsa bagyşlanýar. Salar baba Gulaly ogly Harydarynyň "Oguznama" eserinde Owşar Oguzhanyň ikinji ogly Aýhanyň ogly edilip görkezilýär., Ýazyjy ogly Alynyň "Seljuknama", Abulgazy Bahadyr hanyň "Türkmenleriň nesil daragty" atly işlerinde hem-de alym Şukurowanyň R.M. Fazlalla Reşideddiniň "Oguznama"eseriniň pars dilindäki terjimesine salgylanyp aýtmagyna görä, Owşar Oguzhanyň üçünji ogly Ýyldyz hanyň uly ogly bolmaly. Ýene-de Eýran alymy Seýýid Aly Miranýa özüniň "Äz çupany ta soltany (Zendeginameýe Naderşah), ýagny Çopanlykdan soltanlyga, Nedir şanyň ömür beýany atly işinde Oguz hanyň 24 agtykly şejerenamasy boýunça, Owşaryň Ýyldyz hanyň uly ogludygyny ykrar edýär .Akadenik Faruk Sümer taryhçy Ýazyjyoglundaky oguz boýlarynyň sanawyny seljerip, Owşaryň Ýyldyz hanyň uly ogludygyny bellemek bilen çäklenmän, owşarlary Anadolydaky şu günki oguz boýlaryndan (taýpalaryndan) bozoklara degişli edipdir . Nedir şa bagyşlanylyp ýazylan iki golýazmanyň awtorlarynyň we başga-da birnäçe alymlaryň işleri seljerilip, Owşaryň Ýyldyz hanyň uly ogludygy anyklanyldy. Beýleki bir alym Jeýms Frezer özüniň Nedir şa bagyşlap ýazan "Nader şah" atly işinde, ýewropalylaryň ony "Kelatly Gylyç han" diýip atlandyrýandyklaryny belleýär. Abulgazy Bahadyr hanyň owşar diýmeginiň "Işi derrew bitirýän" manyny berýändigini bellemegi, diňe bir taryha degişli gymmatly maglumat hökmünde baha berilmän, onuň diliň taryhyny öwrenmekde-de gymmatynyň uludygyny nygtamak bolar..

Nedir şa, takmynan, häzirki Eýran Yslam Respublikasynyň Horasan welaýatynyň Deregez etrabynyň Destgerd obasynda çopan maşgalasynda eneden bolýar. Türkiýe Diýanet wakfynyň tagallasy bilen neşir edilen Yslam

Ensiklopediýasynda onuň asyl ady Nedr (Nezr) guludyr. Onuň Demirgazyk Horasanyň serhet ýakasynda ýaşaýan owşar türkmenleriniň Kyrykly (Kyrkly) taýpasyndandygy hem-de ol ýeriň Abywerde degişlidigi nygtalýar. Şeýle-de, bu ýer Türkmenistanyň Ahal welaýatynyň Kaka etrabyndaky Artyk duralgasynyň serhetden aňyrsda, 5–10 km günorta tarapynda ýerleşýär. Taryhçy Astrabatlynyň ýazmagyna görä, Nedirgulynyň 1100-nji ýylyň muharram aýynyň şenbe güni (1688-nji ýylyň 22-nji noýabrynda) doglandygy barada maglumat berilýär.

Nediriň maşgalasy çarwaçylyk bilen meşgul bolupdyr. Onuň kakasy Ymamguly tomsuna Kobkan dagynyň beýik seleňli ýerinde mallaryny bakypdyr. Gyşyna bolsa Destgertde mylaýym howa bolany sebäpli, şol ýerde-de gyşlapdyr, çopançylygynyň daşyndan deri eýlemek, possun tikmek bilen hem meşgul bolupdyr. Ymamgulynyň wagty bilen çagasy bolmandan soň, Nedirguly arzuwlanan, garaşylan ogul bolupdyr. Ol eneden bolanda, oňa "Nedirguly", ýagny "Ajaýyplygyň, täsinligiň guly" diýen at berlipdir. Onuň adynyň birinji bölegi arap dilindäki "Nedir" sözi "Ajaýyp, täsin, gözel, owadan, seýrek, selçeň" manyny aňladýar. Kakasy ony diýseň gowy görüpdir. Nediriň Ybraýym atly ýene bir özünden kiçi erkek dogany dünýä inipdir. Nedir ýaşlygyndan dogumly bolup, 10 ýaşynda ata münüp, aw awlamagy, ok-ýaýa, naýza erk etmegi başarypdyr. Nediriň ýaş wagtynda Ymamguly ýogalýar, ejesi iki çagasy bilen ýetim galýar, maşgalasynda agyr durmuş başlanýar. Nedir agyr durmuşy başdan geçiren hem bolsa, kynçylyk ony ynamdan gaçyrmandyr, ruhdan düşürmändir. Ol kämillik ýaşyna ýetip başlan döwründe, orta asyrlar taryhynyň XVIII asyrynda Orta Aziýa halklarynyň durmuşynda gara tegmil bolup duran gulçulyk ýörgünli eken. Şolar ýaly çapawulçylyklaryň birinde 18 ýaşly Nedir ejesi bilen Hywa hanynyň garakçylaryna ýesir düşüp, Hywanyň gul bazarynda satylýar. Şol ýerde Nedir dört ýyl köp ezýetler çekip, ejesi hem gulçulykda ýogalandan soň, gulçulykdan gaçmagy başarýar. Nediriň gulçulykdan gaçmagy bilen bagly iki görnüşli maglumat berilýär. Onuň birinjisinde Nediriň türkmendigini bilip, Hywa türkmenleri ony gaçyrypdyrlar. Ikinjisinde bolsa, ýazuw çeşmelerinde Nedir öz başarnygy bilen gaçypdyr diýilýär. Owşarlar häzirki döwürde Türkmenistandyň Ahal welaýatynyň Kaka etrabynda, Bäherden etrabynyň Mürçe obasynda, Balkan welaýatynyň Magtymguly etrabynyň Daýna obasynda we Nohur illeriniň arasynda ýaşaýarlar.

Orazpolat Ekaev
(Turkmenistan)

FAMILY TREE AND ADVENTURES OF NEDIR SHAH IN HIS YOUTH YEARS

Nedir Shah's father was a shepherd in the medieval Abiverd district of the village of Destgerd in Southern Turkmenistan. In his youth, Nedir also faced many difficulties. In 1704, 18-years-old Nedir and his mother were taken into slavery in Hyva. After being enslaved for four years, he escapes and becomes a free man. Nedir Shah's ancestors came from the Turkmen Afshar tribe, from which four outstanding rulers emerged.

Оразполат Экаев
(Туркменистан)

РОДОСЛОВНАЯ И ЮНЫЕ ГОДЫ НЕДИР ШАХА

Отец Надир шаха был пастухом в средневековом в селе Дестгерд Абивердского округа в Южном Туркменистана. В юности на долю Надира выпало немало трудностей. В 1704 г. 18-летний Надир вместе с матерью был угнан в рабство в Хиву. Пробыв четыре года в рабстве, он совершает побег и становится вольным человеком. Предки Надир шаха происходили из туркменского племени афшар, из которого вышли четыре выдающихся правителя.

Gyzylgül Ekäýewa
(Türkmenistan)

ARAGATNAŞYK ÜÇIN GURLUŞLAR: MATERIALLAR YLMY BILEN IKINJI DILI ÖWRENMEGIŇ ARASYNDAKY INTERFEÝSI ÖWRENMEK

Makalanyň maksady, aragatnaşyk, adamyň özara täsiriniň esasy, durmuşyň islendik ugrunda üstünlik gazanmagyň açarydyr. Bu bloklary öwreneniňizden soň, siz dostlaryňyz, maşgalaňyz, kärdeşleriňiz we hyzmatdaşlaryňyz bilen aragatnaşyk hilini ýokarlandyrmagy başararsyňyz. Gepleşiklerde, tanyşdyryşlarda we beýleki ýagdaýlarda öz maksatlaryňyza ýetip bilersiňiz. Bu tema aragatnaşyk endiklerini ýokarlandyrmak isleýänler, kärlerinde üstünlik gazanmak isleýänler üçin, güýçli we sazlaşykly gatnaşyk gurmak isleýänler üçin peýdaly bolar.

Gyzylgul Ekayeva
(Turkmenistan)

BUILDING BLOCKS FOR COMMUNICATION: EXPLORING THE INTERPLAY BETWEEN MATERIALS SCIENCE AND SECOND LANGUAGE ACQUISITION

Second Language Acquisition (SLA) is a complex process involving cognitive, social and environmental factors. While traditional research focuses on psychological and pedagogical approaches, this thesis explores the emerging field where materials science intersects with SLA. This research aims to investigate how the design and properties of learning materials can influence the effectiveness of second language acquisition.This work argues that materials science plays a crucial role in creating optimal learning environments for language acquisition. By understanding how the physical properties of materials interact with cognitive processes, we can design learning tools that enhance memory, engagement, and ultimately, language fluency. The human brain is a dynamic system that constantly adapts and forms new connections based on experience. During SLA, the brain forms new neural pathways to encode and retrieve information related to the target language. Materials science offers insights into how the design and presentation of learning materials can influence these neural processes. For instance, research suggests that multisensory learning, which engages multiple senses like sight, touch, and hearing simultaneously, enhances memory formation. Materials science can contribute by developing learning tools that incorporate different textures, interactive elements, and even haptic feedback to create a richer sensory experience for language learners. The physical properties of learning materials can significantly impact learner engagement, a crucial factor in SLA success. Traditional textbooks can often feel static and monotonous. New materials, such as interactive whiteboards, augmented reality applications, or even biocompatible brain-computer interfaces (BCIs) could be explored to create a more dynamic and stimulating learning environment. For example, imagine learning vocabulary through interactive 3D models that learners can manipulate and explore. This approach would not only engage visual and spatial reasoning skills but also potentially enhance memory retention compared to traditional flashcards. One of the significant challenges in SLA is catering to individual learning styles and preferences. Here, materials science offers exciting possibilities for personalized learning tools. Imagine learning materials that adapt to an individual's learning pace by adjusting font size, color contrast, or difficulty level based on real-time brain activity measured through BCIs. Furthermore, advances in 3D printing could enable the creation of customized learning tools tailored to specific learner needs.

For instance, a dyslexic learner might benefit from physical manipulatives printed in 3D to aid in pronunciation practice. Challenges and Considerations. While the potential of materials science in SLA is vast, there are challenges to consider. The development of advanced learning tools often requires significant financial investment and technical expertise. Additionally, ethical considerations regarding data privacy and potential health implications of BCIs need to be carefully addressed. This work proposes that materials science holds immense potential to revolutionize the field of second language acquisition. By understanding the interplay between learning materials, brain function, and individual learning styles, we can create more effective and engaging learning experiences. This research paves the way for future studies to explore specific applications of materials science in SLA and ultimately, contribute to the development of innovative learning tools that empower individuals to become successful second language learners.

Гызылгуль Экеева
(Туркменистан)

СТРОИТЕЛЬНЫЕ БЛОКИ ДЛЯ ОБЩЕНИЯ: ИЗУЧЕНИЕ ВЗАИМОДЕЙСТВИЯ МЕЖДУ МАТЕРИАЛОВЕДЕНИЕМ И ИЗУЧЕНИЕМ ВТОРОГО ЯЗЫКА

Цель работы состоит в обращении внимания к проблеме общения – это основа взаимодействия людей, ключ к успеху в любой сфере жизни. Мы рассмотрим основные блоки, из которых складывается эффективная коммуникация: язык: слова, фразы, интонация, невербальные сигналы. Изучив эти блоки вы сможете повысить качество общения с друзьями, близкими, коллегами и партнерами, достигать своих целей в переговорах, презентациях и других ситуациях, создавать крепкие и гармоничные отношения, стать более уверенным и успешным человеком. Эта тема будет полезна всем, кто хочет улучшить свои коммуникативные навыки.

Annajemal Esenowa
(Türkmenistan)

EDEBI MIRASYMYZDAKY AŇLATMALY SÖZLERIŇ TARYHYNY YZARLAP

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe alym Arkadagymyzyň hem-de Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň başda

durmagynda türkmen halkynyň geçmiş taryhynyň, medeniýetiniň, sungatynyň, milli mirasynyň düýpli we çuňňur öwrenilmegi, gaýragoýulmasyz meseleleriň biri hökmünde öňe çykdy. Bu babatda ýurdumyzda alnyp barylýan önjeýli işler barmak büküp sanardan kän. Türkmen halkynyň taryhyndan, edebiýatyndan, milli mirasyndan söz açýan gymmatly halk hazynasynyň genji-känleri, alymlarymyz tarapyndan düýpli we yzygiderli öwrenilýar.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Magtymguly adyndaky Dil, edebiýat we milli golýazmalar institutynyň mirasy öwreniji alymlarymyzy welaýatlara ýygy-ýygydan ylmy iş saparlaryna ugradýar we olar tarapyndan gadymy mirasymyz bolan golýazmalardyr milli mirasymyzyň eserleri, edebi mirasymyzyň dürli görnüşleri yzygider toplanylýar. Şu jähtdenem halkymyzyň arasyndan şol toplanylan milli mirasymyzdaky bar bolan aýtgylaryň käbiriniň many-mazmunyny size ýetirmekçi bolýarys. Sebäbi şol sözleriň hemmesi biziň häzirki döwrümizde tasdan ulanylmaýar, ýa-da örän seýrek ulanylýar diýsegem boljak, olaryň käbirine ýüzlenemizde bolsa, öňki döwürlerde türkmen halky togsan dolup ýere ýyly gireninde ýazlaga çykar ekeni, ýagny epirikdir, derti, turuşşa edip, öz hojalygynyň gyş gamyny edinmek üçin, umuman öz hojalygynyň eklenjini, rysgalyny isripsiz ýygnamak üçin, çünki ýaşuly neslimiziň aýdan "gyş gamyny ýaz iý, ýatar garna az iý" diýen nakylynyň manysynda. Şonda "annaçy" diýen, ýagny anna güni enelerini sagyp, süýdüni almak üçin owlak-guzy bakýan kişi bolupdyr. Ýa-da "ardaba suwy" diýip bir suw bolupdyr. Ýagny ata-babalarymyz her-hili, aldym-berdimli ýowuz günlerde öte, has ýognas, diýseň duzly güýularyň başynda oturmaly bolupdyr. Emma şonda-da ýanbermezek, billeri gaýym çuşalan, gamak ýaly eden işi nusgalyk geplän gepi güwälik, saldamly-dan sarmakly gelin-gyzlar ala daňdan gün gyzarmanka, haýdaşlap, ýaňky ajy guýularyň suwunyň ýüzüne galan süýjümtil, ýagny "gyrgyn suwy" süýji suwy, (gyrylyp alynýany üçin "gyrgyn suwy" diýilýär) könek bilen gyryp alypdyrlar we bu suw adamlaryň özüne içimlik suw bolupdyr. Emma gyrgyn suwy alnan guýuda galan şor suwy, ýagny "ardaba suwuny" bolsa öz behişdi bedewiniň ýelesinde (ýele tarapynda) tüsse edip, onuň başyny çalarak sämedip, edil şol halatam öňünde şor suwy goýup, suwuň şorumtyl ysyny alyp-almankada, suwuň ýüzüne hasyr-husur un sepýär ekenler. Şol un sepilen suwa hem ardaba, ýa-da unlanan suw hem diýilýär ekeni.

Hawa, türkmen topragynda "Aýdylmadyk gepem ýok, çeýnelmedik çöpem ýok" diýlişi ýaly, türkmen halkynyň milli mirasy örän baý, özüne-de ürç edilip öwrenilmäge mynasyp. Aslyýetinde bu günki gün, edebi mirasymyzyň eserlerini öwrenmekligiň esasy hyzmaty – ynsanlaryň öz ata-babasynyň ýol ýörelgesini öwrenmekden, ony durmuş tejribesinde geregiçe peýdalanmakdan, ony öz bolşunda ýitirmän saklamaklykdan, geljekki nesillere ýetirmeklikden ybaratdyr. Çünki adamzat jemgyýeti geçmiş mirasymyz bilen terbiýelenýär. Şonuň üçin-de, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe jemgyýetçilik aňyny mundan beýläk-de ösdürmek üçin ylmy-edebi ýazuw ýadygärlikleriniň baý dilini,

adamzadyň kalbyny tämizleýän, päkleýän, ynsanlary, halalhonluga gönükdirýän edebi mirasymyzyň eserlerini we olaryň döreýiş köklerini has inçelik bilen yzarlap, öwrenmek zerurlygy ýüze çykýar. Çünki halkyň döreden gymmatly mirasyny bilmezden, öwrenmezden, şol milletiň taryhyny, gelip çykyşyny, ýaşaýyş-durmuş şertlerini, ata-babalarymyzyň söze goýan sarpasyny aňlamak mümkin hem däl. Bu babatda hormatly Prezidentimiz örän global hem titaniki işleri amala aşyrýar. Şu jähtden her bir türkmen raýatynyň hem hormatly Prezidentimiziň daşyna agzybirlikde öňküden-de berk, mäkäm jebisleşip, onuň bu tagallalaryny özümize ýol-ýörelge edinmelidiris.

Annajemal Esenova
(Turkmenistan)

FOLLOWING THE HISTORY OF EXPRESSIVE WORDS IN OUR LITERARY HERITAGE

When it is referred to the interpretation of some of the words and phrases that exist in our national legacy, which is collected among the Turkmen nation, the meaning of the phrase “annachy” denotes the person who milks goats on Fridays, and keeps lambs only for the sake of this milk. Also, there was a phrase on water called “ardaba water”. The salt water left in the well from where the water was taken (fresh drinking water) is used to get “ardaba water” when people fumigate their heavenly horse in the wind (from the windy side), slightly driving smoke over its head, put this salt water in front of it, and as soon as the horse smells its salty smell, the flour is scattered over the surface of the water. The water sprinkled with flour was also called ardaba or flour water.

Indeed, nowadays the main purpose of studying the works of our literary heritage is to study the ways of his own ancestors, use their experience in life situations, preserve them as they are, and to convey them to future generations. Since human society is brought up on the legacy of the past.

Аннаджемал Эсенова
(Туркменистан)

ПРОСЛЕЖИВАЯ ИСТОРИЮ ТОЛКОВАНИЯ СЛОВ В НАШЕМ ЛИТЕРАТУРНОМ НАСЛЕДИИ

Обращаясь к толкованию некоторых слов, изречений, существующих в нашем национальном наследии и собранных в среде туркменского народа,

встречаем такое слово как “анначы” – им является человек, который доит коз по пятницам, и содержит ягнят только ради этого молока. Или есть такая вода, как “ардаба сувы”. Солёную воду, оставшуюся в колодце, используют, чтобы получить “ардаба сувы”. В процессе окуривания коня на ветру (с под ветреной стороны), развеевая дым над его головой, ставят эту соленую воду перед ним. Когда конь почует её соленый запах, посыпают муку на поверхность воды. Эту посыпанную мукой воду и называют “ардаба”.

По сути, сегодня основная функция изучения произведений нашего литературного наследия состоит в том, чтобы человек мог изучить жизненный опыт своих предков и передать будущим поколениям.

Jennet Ezimowa
(Türkmenistan)

TÜRKMENISTANYŇ HALKARA EKOLOGIÝA HYZMATDAŞLYGYNYŇ TARYHYNDAN

Halkara ekologiýa hyzmatdaşlygy bu daşky gurşawy goramak boýunça kadalaryň we çäreleriň jemidir. Halkara ekologiýa hyzmatdaşlygyny ösdürmekde ilki bilen, onuň ýörelgeleriniň kesgitlenilmegi, halkara guramalaryň işiniň ýola goýulmagy we halkara hukuk namalarynyň kabul edilmegi wajyp bolup durýar. Ekologiýa hyzmatdaşlygy halkara gatnaşyklarynyň has görnüklisi bolup, ol innowasion häsiýete eýedir. Halkara hyzmatdaşlygyny giňeltmekde, dünýäniň ýurtlary we halklary bilen hoşniýetli gatnaşyklary ösdürmekde Türkmenistan birnäçe mümkinçiliklere eýedir. Olaryň hatarynda oňaýly geografiki ýerleşişi, ägirt uly tebigy baýlyklary, energetiki we ykdysady aýratynlyklary bardyr. Bilelikde bu düzümler sebit we halkara hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmak üçin Türkmenistan döwletimize giň ýollary açýar. Baý tebigy serişdeleriniň gory hökmünde dünýä jemgyýetçiligine özüni tanatmak bilen, Türkmenistan sebit we dünýä ähmiýetli strategik meseleleriň çözülýän merkezleriniň birine öwrüldi.

Daşky gurşawy goramak we ekologiýa meselelerini oňyn çözmek boýunça halkara gatnaşyklarynyň parahatçylykly merkezine öwrülen Türkmenistan döwletiniň paýtagty Aşgabat şäherinde 1978-nji ýylda Tebigaty goramagyň halkara bileleşiginiň Baş Assambleýasynyň 14-nji mejlisi geçirildi. Bu bolsa Türkmenistanyň tebigaty goramak ulgamynda ýeten üstünlikleriniň dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan goldanylýandygynyň şaýady boldy. Maslahat S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň (ozalky M.I.Kalinin adyndaky Türkmenistanyň Oba

hojalyk instituty) binasynda geçirildi. Maslahatyň resmi nyşany hökmünde ýer şarynyň şekliniň öňünde keýgiň şekili ýerleşdirildi. Bu bolsa keýikleriň sähra dünýäsiniň görnükli jandary bolup, adam tarapyndan goralmagyna mätäçdigini alamatlandyrdy. Şol maslahatda çykyş eden türkmen tarapynyň wekilleri tebigaty goramak – halkara hyzmatdaşlygynyň möhüm ugry bolandygyny belläp geçdiler. TGHB-niň şol wagtky Prezidenti D.Kýunen Aşgabat şäheri barada şeýle diýdi: "Aşgabat – ýaşaýşyň gudraty, çöl bilen serhetdeş bolan ýaşyl owadan şäher"; "Aşgabat forumy TGHB-niň işinde aýratyn ähmiýete eýe bolar. Sebäbi hut şu maslahatda ählumumy bähbitleri öz içine alýan "Tebigaty goramagyň bütindünýä Strategiýasy" kabul ediler".

Maslahatyň dowamynda Türkmenistanyň Tebigaty goramak jemgyýeti Tebigaty goramagyň halkara bileleşiginiň agzalygyna kabul edildi. Maslahatyň netijesi hökmünde "Tebigaty goramagyň bütindünýä Strategiýasynyň" taslamasy kabul edildi. Maslahatda bellenilşi ýaly, bütin dünýäde parahatçylygyň ýola goýulmagy, halkara hyzmatdaşlygyň pugtalandyrylmagy bu Strategiýany durmuşa geçirmegiň esasy şertleri hökmünde kesgitlenildi. Mundan başga, "Tebigaty goramagyň Hartiýasynyň" taslamasy ara alnyp maslahatlaşyldy. Maslahata gatnaşyjylar üçin Garagum derýasyna, Repetek we Bathyz tebigy goraghanalaryna gezelençler gurnaldy.

Munuň ýaly halkara ähmiýetli maslahatyň Aşgabat şäherinde geçirilmegi, ýurdumyzyň diňe bir tebigaty goramakda, tebigy baýlyklary rejeli ulanmakda gazanan üstünlikleriniň subutnamasy bolman, eýsem çöllük dünýäsiniň dikeldilmeginde hem-de ony halk hojalygy üçin ulanmakda, çöllükleri özleşdirmekde we bu sebitlerde rejeli oba hojalyk landşaftyny döretmekde Türkmenistanyň baý tejribe toplandygyna we bu babatda işjeň orun eýeleýändigine şaýatlyk etdi.

2023-nji ýylyň 11-nji noýabrynda Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi bilen Tebigaty goramagyň halkara bileleşigi arasynda tebigy baýlyklary durnukly dolandyrmak, biodürlüligi goramak we beýleki meseleler boýunça hyzmatdaşlygy ösdürmek barada özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekildi. Bu resminama Türkmenistan bilen Bileleşigiň arasyndaky ekologiýa gatnaşyklaryny resmileşdirmäge ýardam edýär. Dünýäde we sebitde ekologiýa ýagdaýlaryny gowulandyrmak, halkara ekologiýa hyzmatdaşlygyny has-da ösdürmekde, halkara guramalar we dünýä ýurtlary bilen gatnaşyklary işjeňleşdirmekde geljekde işleri dowam etdirmek – Türkmenistanyň daşary we içeri syýasatynyň möhüm ugrudyr.

Jennet Ezimova
(Turkmenistan)

FROM HISTORY OF THE INTERNATIONAL ENVIRONMENTAL COOPERATION OF TURKMENISTAN

The paper deals with issues of studying the history of environmental cooperation between Turkmenistan and International Union for Conservation of Nature. The first significant conference of IUCN in Turkmenistan took place in 1978, following which the Society of Nature Protection of Turkmenistan was included in the membership of IUCN. Moreover, the number of documents, aimed at creation of favorable conditions for maintaining successful international environmental cooperation was adopted.

Дженнет Эзимова
(Туркменистан)

ИЗ ИСТОРИИ МЕЖДУНАРОДНОГО ЭКОЛОГИЧЕСКОГО СОТРУДНИЧЕСТВА ТУРКМЕНИСТАНА

Статья посвящена вопросам изучения истории международного экологического сотрудничества между Туркменистаном и Международным союзом охраны природы. Первая масштабная конференция МСОП в Туркменистане состоялась в 1978 году, в результате которой Общество охраны природы Туркменистана было включено в состав данной организации, а также был принят ряд документов, нацеленных на создание благоприятных условий для реализации успешного международного экологического сотрудничества.

Oksana Fedina
(Türkmenistan)

SANLY OÝUN ARKALY SÖZLEÝIŞ BAŞARNYGYNY KÄMILLEŞDIRILMEGI

Bu makalada häzirki döwrüň kompýuter-internet tehnologiýalarynyň ösüşi adamlaryň işjeňligini kämilleşdirmägä, köpçülikleýin aragatnaşygy saklamaga ýardam berýändigi barada gürrüň edilýär. Biziň ylmy-barlag işimiziň maksady talyplara daşary ýurt dillerini okadylmagynda, sözleýiş başarnyklaryny

kämilleşdirmeginde situasion oýunlaryň ornunyň ulydygyny görkezmekden ybarat.

Her bir talyp okuw maksatlaýyn orunly oýunda özi belli bir roly saýlaýar we ýerine ýetirýär. Orunly oýun işjeň sözleýşi kemala getirmekde, talybyň söz baýlygyny giňeldilmekde wajyp serişde bolup durýar.

Kompýuter arkaly ýerine ýetirilýän orunly oýunlarda talyplary gurşap alýan şertleri kompýuter maksatnamasy dolandyrýar. Daşary ýurt dillerini okatmak bilen bagly okuw derslerinin sapaklarynda häzirki zaman kompýuter tehnologiýalarynyň ählisini (elektron kitaplar, sanly okuw gollanmalar, onlaýin okuw sapaklar, prezentasiýalar we ş.m.), şeýle hem olara degişli usullary (uzak aralykdan okuwlar) ulanmak mümkinçiligi bar.

Oksana Fedina
(Turkmenistan)

IMPROVEMENT OF SPEECH COMPETENCE THROUGH LEARNING A DIGITAL GAME FORMAT

Computer technologies have led to an increase in interactivity in all types of people's activities where public communication takes place. The purpose of this study is to prove that a situational role-playing game with the use of computer innovations can be used to form the speech competence of students.

A role-playing game for educational purposes is a simulation of an imaginary situation in which each participant assumes a certain role and acts according to this role. A situational role-playing game as a space of intensive communication can act as a kind of simulator for the formation of students' lexical skills.

In the game, the student is faced with various communicative situations and can safely try out different tactics of action. In computer role-playing games, the entire environment around the players is controlled by a computer program. Interactive teaching methods involve a greater activity of the student, his creative rethinking of the knowledge gained. All types of modern educational technologies are used with the use of digital resources (electronic testing programs, educational resources, Internet online seminars, presentations), as well as relevant methods (distance learning).

Оксана Федина
(Туркменистан)

ФОРМИРОВАНИЕ РЕЧЕВОЙ КОМПЕТЕНЦИИ ПОСРЕДСТВОМ ОБУЧЕНИЯ В ЦИФРОВОМ ИГРОВОМ ФОРМАТЕ

В настоящее время компьютерно-интернетные технологии привели к усилению интерактивности во всех видах деятельности людей, где имеет место публичное общение. Интернет буквально на глазах становится коммуникативно-информационной средой обитания человечества. Целью данного исследования является доказательство того, что для формирования речевой компетенции студентов может быть использована ситуационно-ролевая игра с применением компьютерных инноваций. Ролевая игра учебного назначения представляет собой моделирование воображаемой ситуации, в которой каждый участник берёт на себя определённую роль и действует соответственно этой роли. Ситуационно-ролевая игра как пространство интенсивной коммуникации может выступать своеобразным тренажёром для формирования лексического навыка студентов. В игре студент сталкивается с различными коммуникативными ситуациями и может безопасно опробовать разные тактики действий. Участники ролевой игры отыгрывают собственных персонажей, руководствуясь при этом характером своей роли и внутренними убеждениями персонажа в рамках игровых реалий. В компьютерных ролевых играх вся окружающая игроков обстановка управляется компьютерной программой. Нередко такие игры рассчитаны на одного игрока и имеют предписанный сюжет, развитие которого зависит от принимаемых игроком решений. Ролевые игры по электронной почте – игры с небольшим количеством игроков и одним мастером, проводимые посредством электронной почты. Также существуют многопользовательские ролевые игры, в которых тысячи игроков взаимодействуют друг с другом через Интернет, общаясь на форумах.

Современные дидактические технологии – это процессная система совместной деятельности обучающихся и преподавателя по проектированию, организации и корректированию образовательного процесса с учетом технических и человеческих ресурсов при их взаимодействии. На занятиях по изучению иностранного языка могут использоваться все виды современных образовательных технологий с применением цифровых ресурсов (электронных книг, цифровых учебных пособий, онлайн-семинаров, презентаций), а также соответствующих методов (дистанционное обучение). Научная новизна исследования состоит в системном описании современной

образовательной парадигмы, строящейся на применении ситуационно-ролевой игры и компьютерных средств обучения, в основе которых лежит не передача готовых знаний, умений и навыков, а формирование и привитие обучающимся умений самообразования. На первом этапе исследования была поставлена цель, определены задачи исследования, изучена специальная литература. На втором этапе были рассмотрены основные группы методов обучения иностранным языкам с использованием технических средств, были опробованы ориентационные игры. На третьем этапе разрабатывалась методика, базирующаяся на рассмотренных принципах обучения русскому языку с применением цифровых ресурсов. На четвертом этапе проводилось сравнительно-экспериментальное обучение с целью подтверждения результатов исследования. Апробация результатов исследования была осуществлена в ходе практической работы по изучению русского языка на занятиях со студентами. В процессе игры осуществлялось наблюдение за действиями студентов, а также было взято интервью у основной части участников. Анализ полученных данных позволил получить следующие выводы: а) участники ситуационно-ролевой игры отметили, что игровой формат является помощником в процессе пополнения лексического запаса студентов; б) участники опытно-экспериментальной работы признали, что с помощью ролевой игры им удалось сформировать навыки диалогического общения, которыми они смогут воспользоваться в своей дальнейшей жизни. Использование ролевой игры и компьютерных инноваций на уроках иностранного языка способствует успешному формированию речевой компетенции молодого специалиста.

Saparberdi Garahanow
(Türkmenistan)

DÜRS ÝAZUW KADALARYNY ÖZLEŞDIRIP BOLMAÝANDYGYNYŇ KÄBIR SEBÄPLERI

Bir asyr geçendigine garamazdan, türkmen edebi diliniň orfografik kadalaryny özleşdirmekde, punktuasiýa belgilerini (*otur, nokatly otur, defis, kese çyzyk, iki nokat*, *goşa dyrnak*...) dogry ulanmakda, daşary ýurt dilleriniň önümi bolan terminleri kabul etmekde kynçylyk çekilýär. Kynçylygyň ýüze çykmagynyň käbir sebäpleri.

1. Gep agzalarynyň ýerleşişi hemme diller üçin umumy bolsa-da, sesleriň (çekimli *we çekimsiz fonemalary*ň) emele gelmeginde olaryň gatnaşygy tapawutlydyr. Türkmen edebi diliniň elipbiýi düzülende, köp ugurly amaly meseleleri işlenilende,

dilleriň milli mazmunyny özünde jemleýän şu möhüm meselä ýüzleý çemeleşildi. Netijede, milli mazmunly elipbiý-de, dürs ýazuw kadalary-da düzülmedi.

2. Geçen asyryň ýigriminji ýyllarynda türkmen edebi diliniň amaly meselelerini öwrenen hünärmenleriň ýörite filologik bilimleri ýokdy. Ol hünärmenleriň käbiri dini medresede, käbiri-de rus mekdebinde bilim alan we bilim ulgamynda zähmet çeken adamlardy. Has dogrusy, olar türkmen diliniň amaly meselelerini özleşdirmedik we ýeterlik amaly tejribe toplamadyk hünärmenlerdi. Morfologik gurluşy düýpli tapawutlanýan we aýry-aýry dil maşgalalaryna degişli bolan kanunalaýyklyklaryň türkmen edebi diliniň elipbiýine, orfografiýasyna girizilmegi-de şonuň üçindir. Munuň özi sözleýişde hem ýazuwda palatal we dodak singarmonizm hadysalarynyň ähmiýetiniň peselmegine, çylşyrymly mazmunly dürs ýazuw kadalarynyň düzülmegine sebäp boldy.

3. Türkmen dil biliminde kognitiw lingwistika (*aň-paýhas lingwistikasy*) häzirki wagta çenli öwrenilmedi. Netijede, orfografiýa, punktuasiýa kadalary düzülende, daşary ýurt terminleri alnanda, diliň kalp hem aň bilen gatnaşygy ünsden düşürildi we onuň milli-medeni gymmatlykdygy esasy orunda goýulmady.

Aslynda, aňyň we kalbyň özara gatnaşygynda hasyl bolýan dil milli-medeni mazmunly ruhy gymmatlykdyr. Dile we aňa milli häsiýet, milli mazmun çaýýan-da kalpdyr, sebäbi gepleýän-de, gülýän-de, şatlanýan-da, aýdym aýdýan-da, aglaýan-da kalpdyr. Aýry-aýry wagtlarda ýüze çykýan bu ruhy ahwalatlaryň many-mazmunyny düşündirýän bolsa dildir. Diýmek, dil sesleri bilen bagly ýüze çykýan fonetik hadysalaryň hemmesinde milli mazmun jemlenendir. Diliň amaly meseleleri öwrenilende, şu esasy gymmatlyk ünsden düşürildi.

Diliň hakyky eýesi, howandary *kalpdyr – köňüldir*. Kalpdan (ýürekden) rugsatsyz dile geplemek buýrulan däldir, sebäbi kalp ynsanyň içki menidir. Kalp beýniniň önümi bolan aňyň döreden pikirine, niýetine eýelik edýär we islese, diliň üsti bilen daş-töwerege ýaýradýar; islemese-de, pynhan saklaýar. Diýmek, dil kalbyň we aňyň mazmunyny (ynsanyň häsiýetini) beýan edýän ruhy serişdedir. *Dil – bu kalbyň sesidir.*

Dünýäniň içki mazmunyny kalp, daşky mazmunyny-da göz görýändir. Diýmek, dünýäni hakyky manysynda görýän-de kalpdyr. *Kalp – bu adamdyr*.

Aňyň ýitiligi, göýdükligi; diliň çeperligi, ötgürligi ýa-da duzsuzlygy (ýuwanlygy) kalba görädir. Umuman, ynsanyň milli mazmuny we diliň milli gymmatlyk hökmünde ýüze çykmasy, kalpdan gözbaş alýar. Mysal üçin, biziň türkmençe görýän, türkmençe pikirlenýän we türkmençe gepleýän, türkmençe aýdym aýdýan kalbymyz bardyr. Türkmen bolup geplemek – munuň özi umumy ykrar edilen milli türkmen jemgyýetçilik aňynyň kemala gelmegidir, jemgyýetçilik aňynyň bitewi mazmunda ýüze çykmasydyr, ýagny türkmen bolup ýaşamakdyr. Türkmen bolup ýaşamak – munuň özi dil babatda özbaşdak millet bolup, özüňi ykrar etmekdir. Ykrar edilen dili bolsa hemişe aýap saklamalydyr.

Dilleriň zatlara özüçe at dakmagy-da, gaýry dillerden alan sözlerine milli öwüşgin bermegi-de şonuň üçindir. Rus dilinden geçen sözleriň birini *"çäýnek, ütük, maşyn"*, ýene birnäçesini-de *"fabrik, taksi, radio, grammatika"* ýaly kabul etmek türkmen kalbyna düşünildigi däldir, sebäbi türkmen kalby ýogyn çekimli bilen inçe çekimliniň bir sözde bile gelmegine asla ýol bermeýär.

Şeýlelikde, türkmen edebi diliniň amaly meseleleri (*orfografiýa, punktuasiýa, terminologiýa*) işlenilende, kalbyň, aňyň dil bilen gatnaşygy, ýagny milli mazmuny göz öňünde tutulmady. Mysal üçin, sap inçe çekimlili we ýogyn çekimlili, sap dodak çekimlili sözler türkmen edebi dili üçin häsiýetli hasap edildi, ýöne türkmen edebi diliniň orfografiýasynda olara hemme ýagdaýda orun berilmedi.

Saparberdi Garahanov
(Turkmenistan)

SOME REASONS FOR THE IMPOSSIBILITY OF ASSIMILATING SOME SPELLING RULES

Although a century has already passed, there are difficulties in assimilating the spelling rules of the Turkmen literary language, the correct use of punctuation marks, and the perception of terms that are products of foreign languages. The reasons for this are as follows:

1. Although the arrangement of parts of speech is common to all languages, their relationship in the formation of sounds (vowels and consonants) differs. This important issue was approached superficially.

2. The specialists who studied the practical problems of the Turkmen literary language in the twenties of the last century did not have special philological knowledge.

3. Cognitive (*learning*) linguistics has not yet been studied in Turkmen science of language. As a result, when developing the spelling and punctuation rules, and the adoption of foreign terms, the spiritual and mental relationship of the language was not taken into account, and its national and cultural value was not assigned primary importance.

Сапарберды Гараханов
(Туркменистан)

НЕКОТОРЫЕ ПРИЧИНЫ НЕВОЗМОЖНОСТИ ОСВОЕНИЯ НЕКОТОРЫХ ПРАВИЛ ПРАВОПИСАНИЯ

Несмотря на то, что уже минуло одно столетие, существуют трудности в освоении орфографических правил туркменского литературного языка,

правильном использовании знаков препинания, восприятии терминов, являющихся продуктами иностранных языков. Причины этого заключаются в следующем:

1. Хотя расположение частей речи общее для всех языков, их соотношение в образовании звуков (гласных и согласных) различается. К этому важному вопросу подходили поверхностно.

2. Специалисты, изучавшие практические проблемы туркменского литературного языка в двадцатые годы прошлого века, не обладали специальными филологическими знаниями.

3. Когнитивная (познавательная) лингвистика до сих пор не изучалась в туркменском языкознании. Как результат, при разработке правил орфографии, пунктуации и перенимании иностранных терминов не принималось во внимание духовное и умственное соотношение языка, и его национально-культурной ценности не отводилась основная роль.

Aýhan Garlyýew
(Türkmenistan)

TARYHY-MEDENI MIRASY GORAMYGYŇ HALKARA HUKUGY

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiziň taýssyz tagallalry bilen halkymyzyň baý medeni gymmatlyklaryny wagyz etmek we goramak ugrunda uly işler durmuşa geçirilýär. “Maddy we ruhy medeni gymmatlyklar adamzadyň inkär edip bilmejek beýik buýsanjydyr, müňýyllyklaryň dowamynda döreden, kämilleşdirip gelýän paýhas hem gözellik genjidir” diýip, Milli Liderimiz belleýär. Medeni gymmatlyklar ýa-da taryhy-medeni miras geçen nesilleriň maddy-ruhy ýaşaýyşyny we adamzadyň köp asyrlylyk taryhyny özünde jemleýär. Medeni gymmatlyklar halklaryň bahasyna ýetip bolmajak milli mirasy bolup, halkara-hukuk Hukdaýnazardan goralýar. Medeni gymmatlyklar umumadamzat gymmatlyklary hökmünde goralýar.

Ilkinji gezek medeni gymmatlyklary goramagyň talaplary 1815-nji ýylyň Pariz konwensiýasynda öz beýanyny tapdy. Bu resminamada muzeýleriň we kitaphanalaryň bütewüliginiň kepilliginiň möhümdigi barada aýdylýar. Ylmyň we sungatyň maksatlaryna hyzmat edýän edaralaryň goralmagy baradaky Baglaşykda (has hem “Rerihiň Pakty 05.04.1935” ady bilen belli) goralmagyň obýekti hökmünde “taryhy ýadygärlikler, muzeýler, ylmyň, sungatyň, bilimiň we medeniýetiň maksatlaryna hyzmat edýän edaralar” kesgitlenýär. Ýöne bu resminamada “medeni gymmatlyklar” düşünjesi ulanylmaýar. Bu düşünje ilkinji gezek 1954-hji

ýylyň 14-nji maýynda Gaagada gol çekilen halkara dawalar ýagdaýynda medeni gymmatlyklaryň goralyşy baradaky Konwensiýasynda ulanylýar. Bu Konwensiýda medeni gymmatlyklar: “gelip çykyşyna we eýesine garamazdan, her halkyň medeni mirasynda uly ähmiýeti bolan gozgalýan we gozgalmaýan gymmatlyklar” hökmünde kesgitlenilýär. Görnüşi ýaly, “medeni gymmatlyklar” we “medeni miras” adalgalary halkara we halkara-hukuk resminamalaryna deň derejede hem-de meňzeş manyda ulanylýar.

Türkmenistanyň Medeniýet hakynda Kanunynda medeni gymmatlyklar barada şeýle kesgitleme berilýär: “Ahlak we estetik ideallar, özüňi alyp barmagyň kadalary we nusgalary, diller, şiweler we gepleşikler, milli we etniki däpler hem dessurlar, taryhy toponimler, folklor, amaly-haşam halk senetleri, edebiýat we sungat eserleri, medeniýet babatdaky işiň ylmy barlaglarynyň netijeleri we usullary (ruhy gymmatlyklar), şeýle hem taryhy-medeni ähmiýeti bolan jaýlar, gurluşlar, ebaplar we tehnologiýalar, taryhy-medeni babatda seýrek duş gelýän ýerler we desgalar (maddy gymmatlyklar)”. Türkmenistanyň Milli maddy däl medeni mirasy gorap saklamak hakynda Kanuny, türkmen halkynyň maddy däl medeni mirasyny gorap saklamak babatdaky gatnaşyklary düzgünleşdirýär we onda şeýle bellenilýär: “Milli maddy däl medeni miras diýilip, türkmen jemgyýetiniň etniki, sosial ýa-da konfesional toparlaryna mahsus bolan ruhy gymmatlyklarynyň jemine düşünilýär, olar estetiki, sosial-medeni, taryhy we başga nukdaýnazardan türkmen halkynyň milli-medeni özboluşlulygyny aýawly saklamak we ösdürmek üçin ähmiýeti bolan gymmatlykdyr”. Halkara-hukuk resminamalaryň aglabasynda “medeni gymmatlyklar” düşünjesi bilen birlikde, “medeni miras” düşünjesi hem guňden ulanylýar. Hereket edýän halkara hukugynyň çäginde “medeni miras” we “medeni bütinhalk emlägi” adalagalarynyň hem biri-biriniň üstüni ýetiýärler. Käbir halkara-hukuk namalarynda bütindünýä medeni miras (medeni bütinhalk emlägi), başga birilerinde halklaryň medeni mirasy (medeni bütinhalk emlägi) babtynda aýdylýar. Medeni gymmatlyklaryň milli we halkara goramagynyň ulgamynyň namalary barada aýdylanda, şol bir obýektler barada, ýöne birinji ýagdaýda adamzadyň umumy mirasy döwrebap halkara hukuk nukdaýnazaryndan, ikinji ýagdaýda bolsa döwletleriň özbaşdaklygynyň deňligi imperatiw esasdan gelip çykýar.

Şeýlelikde halkara derejesinde medeni gymmatlyklaryň goralmagy üçin esaslar işlenip düzüldi. Halkara hukuk resminamalary taryhy-medeni mirasyň saklanylmagynyň esasy düşünjelerini we hukuk esaslaryny düzgünleşdirýärler, olaryň üsti bilen döwletler özünde ýerleşýän medeni mirasy goramagyň milli kanunçylygyny işläp düzýärler.

Ayhan Garlyyev
(Turkmenistan)

INTERNATIONAL LAW ON THE PROTECTION OF HISTORICAL AND CULTURAL HERITAGE

Thanks to tireless efforts of National Leader of Turkmen people and Respected President, a lot of work is being carried out to popularize and protect rich cultural heritage of people. The historical and cultural heritage encompasses material and cultural identity of past generations and centuries-old history of mankind. Cultural values are an invaluable national heritage of peoples and are protected from the point of view of international law.

The article examines history of formation and development of the institute for protection of historical and cultural heritage in international law, as well as the legislation of Turkmenistan on protection of cultural values.

Айхан Гарлыев
(Туркменистан)

МЕЖДУНАРОДНОЕ ПРАВО ПО ЗАЩИТЕ ИСТОРИКО-КУЛЬТУРНОГО НАСЛЕДИЯ

Благодаря неустанным заботам Национального Лидера туркменского народа и Уважаемого Президента претворяется в жизнь большая работа по популяризации и защите богатейшего культурного наследия народа. Историко-культурное наследие заключает в себе материально-культурную самобытность прошедших поколений и многовековую историю человечества. Культурные ценности являются бесценным национальным наследием народов и защищается с точки зрения международного права. Рассматривается история становления и развития института защиты историко-культурного наследия в международном праве, а также законодательство Туркменистана по защите культурных ценностей.

Ogulnabat Goçowa
(Türkmenistan)

TÜRKMEN WE IŇLIS DILLERINDE SÖZ BASYMY

Umumy dil bilimine degişli soňky ýyllarda çap edilen edebiýatlarda dünýä dilleriniň prosodik gurluşy boýunça *aksent* (hindi-ýewropa, semit we ş.m. diller), *tonal* (günorta-gündogar Aziýa ýurtlarynyň dilleri) we *singarmonik* (türki we ural-altaý dilleri) ýaly toparlara bölünmegine garamazdan, türkologiýada bu mesele häzirki wagt çenli jedelli meseleleriň biri bolup, ol hem basym bilen baglanyşyklydyr. Görnükli türkolog A.M.Şerbak bu barada "Türki dilleriň söz basymynyň häsiýeti we orny barada belli bir netijä gelmek kyn düşýär" diýip bellemek bilen, bu meseläniň çylşyrymlydygyny boýun alýar. Görnükli fonetist alym A.Nurmuhammedowyň türkmen diliniň söz basymyna degişli ýörite monografiýasy çap edilen hem bolsa, basym bilen baglanyşykly birnäçe soraglar ýüze çykýar.

Türkmen alymlary A. Mollaýew bilen J. Gökleňowyň işlerinde basym sözüň soňky bognuna düşýän hem bolsa, birinji bognuň güýçli aýdylýandygy bellenilýär. Biziň PRAAT lingwistik programmasynda geçiren derňewlerimiziň netjeleri hem bu alymlaryň işlerindäki iki we köp bogunly sözlerdäki çekimlileriň intensiwligi boýunça alan maglumatlaryna gabat gelýär. Şu ýerde biz umumy fonetikada ykrar edilen kanunalaýyklyga ters gelýän ýagdaýyň üstünden barýarys. Ol hem türkmen dilinde basymyň soňky bogna düşýändigine garamazdan, sözüň birinji bognunyň güýçli pozisiýa bolup durýandygyndadyr.

L.R. Zinder "Общая фонетика" kitabynda basyma şeýle düşündiriş berýär: "Sözüň haýsy hem bolsa bir bognunyň *intensiwlik* (güýç), *belentlik* (esasy tonuň belentligi), *dowamlylyk* taýdan tapawutlanmagyna basym diýilýär". Söz basymynda şu prosodik görkezijileriň haýsy hem bolsa biri ýa-da ikisi, hatda käbir dillerde hemmesi hem bolup bilýär. Türkmen dilinde basymyň prosodik häsiýetini derňemek maksady bilen geçiren derňewimiziň netijeleri "basymly we basymsyz" bogunlaryň üç akustiki parametrler, ýagny dowamlylyk, intensiwlik we esasy tonuň belentligi boýunça tapawutlanmaýandygyny görkezdi. Bu bolsa Boduen de Kurteneden gözbaş alyp gaýdýan we birnäçe alymlar (L. W. Şerba, L. R. Zinder, W. W. Radlow, W. A. Winogradow, F. Weýsýalli, A. Džunisbekow, A.Mahmudow we beýlekiler) tarapyndan goldanýan aksent dillerdäki, şol sanda iňlis dilindäki basymyň sözi gurnamakdaky prosodik hyzmatyny türki dillerde singarmonizmiň ýerine ýetirýär diýen garaýyşlary bilen razylaşmaga esas bolup durýar.

Iňlis dilinde bogunlary ritmiki taýdan birleşdirmek, sözi gurnamak hyzmatyny basym ýerine ýetirýär. Şu nukdaýnazardan basym güýçli pozisiýa hasaplanýar. Basymsyz bogunlaryň çekimlileri adatça, reduksiýa sezewar bolýar. Muňa garamazdan, iňlis dilinde käbir sözlerde basymsyz bogundaky çekimliniň reduksiýalaşman, asyl häsiýetini saklaýandygy-da köp sanly mysallaryň esasynda ýüze çykaryldy.

Söz basymy käbir dillerde durnukly (fixed), käbirlerinde-de durnuksyz (free) häsiýete eýedir. Iňlis dilinde basym durnuksyz häsiýetde bolup, bogun sanyna baglylykda onuň haýsy bogna düşýändigini kesgitlemek aňsat däldir. Mysal üçin, *troublesomeness* [‘trʌblsəmnes] sözünde birinji bogna düşýän bolsa, *ideally* [aɪ’dɪəlɪ] sözünde ikinji, *international* [ˌɪntə’næʃ(ə)n(ə)l] sözünde üçünji bogna düşýär. Muňa garamazdan, iňlis dilindäki iki bogunly sözleriň köpüsinde basym birinji bogna düşýär.

Iňlis dilinde köp bogunly sözlerde basymyň iki (*esasy* we *goşmaça*) görnüşleri duş gelýär. Mysal üçin, *representative* [ˌreprɪ›zentətɪv], *sentimental* [ˌsentɪ’ment(ə)l], *wholesaler* [‘həulˌseɪlə]. Görnüşi ýaly, goşmaça basym (ˌ) bognuň öňünden aşakdan goýlup, sözüň birinji we beýleki bogunlaryna düşüp bilýär. Iňlis dilindäki *-ion* (*-sion*), *-ity*, *-tion* (*-ation*), *-ious*, *-ant*, *-end*, *-ence we -ic* (*-ical*) goşulmalaryna gutarýan atlarda basym suffiksden öňdäki bogna düşýär. Mysal üçin: *demolition* [ˌdemə›lɪʃ(ə)n], *hesitation* [ˌhezɪ’teɪʃ(ə)n], comprehend [ˌkɔmprɪ’hend] we ş.m.

Iňlis dilinde ýazylyşy boýunça birmeňzeş, ýöne basymyň haýsy bogna düşýändigi bilen baglylykda dürli manylary aňladýan omograf sözleriň ýüzlerçesiniň duş gelýändigi edebiýatlarda bellenilýär. Omograf sözler boýunça geçirilen derňewiň netijeleri basymly bognuň dowamlylygynyň hem-de intensiwliginiň artýandygyny we esasy tonuň ýokarlanýandygyny görkezdi.

Umuman, geçirilen derňewleriň netijesinde singarmonik dil toparyna girýän türkmen dilinde sözi gurnaýjy hyzmaty singarmonizm, aksen dil toparyna degişli iňlis dilinde bolsa basym ýerine ýetirýär diýen netijä gelmek bolýar.

Ogulnabat Gochova
(Turkmenistan)

WORD STRESS IN TURKMEN AND ENGLISH LANGUAGES

The word stress is one of the most controversial issues in Turkology. Prominent Turkologist A.M. Scherbak says: “It is difficult to come to a definite conclusion about the nature and place of word stress in Turkic languages”. Despite the publication of a special monograph by the outstanding phonetician A. Nurmuhammedov on word stress in the Turkmen language, a number of issues arise on this matter. In the works of Turkmen scientists A. Mollayev and J. Goklenov it is noted that although the stress falls on the last syllable of a word, the first syllable is pronounced strongly. The views that organizing function of word stress in accented languages, including English, is realized by synharmony in Turkic languages origin from Baudouin de Courtenay and supported by a number of scholars (L. V. Sherba, L.R. Zinder, V. V. Radlov, V. A. Vinogradov, F. Veysalli, A. Junisbekov, A.Mahmudov and etc.).

Огулнабат Гочова
(Туркменистан)

СЛОВЕСНОЕ УДАРЕНИЕ В ТУРКМЕНСКОМ И АНГЛИЙСКОМ ЯЗЫКАХ

Одним из наиболее спорных вопросов в тюркологии является словесное ударение. Видный тюрколог А. М. Щербак говорит по этому поводу: “Трудно прийти к определенному выводу о характере и месте словесного ударения в тюркских языках”. Несмотря на публикацию специальной монографии известного фонетиста А. Нурмухаммедова о словесном ударении в туркменском языке, по данному вопросу возникает ряд вопросов. В работах туркменских ученых А. Моллаева и Дж. Гокленова отмечается, что хотя ударение приходится на последний слог слова, первый слог произносится сильно. Взгляды о том, что организующая функция словесного ударения в акцентных языках, в том числе и в английском реализуется путем сингармонизма в тюркских языках берет свое начало от Бодуэна де Куртенэ и поддерживается рядом ученых (Л. В. Щерба, Л. Р. Зиндер, В. В. Радлов, В. В. Виноградов, Ф. Вейсалли, А. Джунисбеков, А. Махмудов и др.).

Rahmanberdi Gökleňow
(Türkmenistan)

GAZET DILINIŇ EKOLOGIÝASY

Gazet dilini derňemegiň ekolingwistik esaslaryny kesgitlemek dil biliminiň möhüm wezipeleriniň biridir. Gazet diliniň dil medeniýeti nukdaýnazaryndan derňewi, diliň we sözleýşiň ekologiýasyndan ugur alýar.

Gazet makalalarynda mazmun bilen formanyň gabat gelmegi zerur. Bu ýerde esasy kesgitleýji orun mazmuna degişli bolup, formanyň nähili bolmalydygy oňa baglydyr. Eger mazmun gowy bolmasa, ýagny habaryň içinde täzelik bolmasa, ony näçe owadan görnüşde beýan edeniňde-de, gymmaty ýokdur. Islendik habaryň özenini maglumatlar düzýär, onuň ruhy bolsa täzeçillikdedir.

Gazetde gysgadan manyly beýan etmek, dile aýawly, jogapkärli hem-de sowatly çemeleşmek, iň esasy talaplaryň biri. Her bir awtoryň ýazan zadynyň ilkinji okyjysy bolup, ony köpçüligiň gözi bilen seljermegi gerek. Bu barada Gahryman Arkadagymyzyň 2008-nji ýylyň 19-njy ýanwarynda ýurdumyzyň döredijilik intelligensiýasynyň wekilleri bilen duşuşygynda belleýşi ýaly, žurnalistler üçin öz işini kämilleşdirmegiň ýeke-täk ýoly – özüňe talapkärligi ýokarlandyrmak we ähli babatda döwrüň talabyndan ugur almakdyr.

Lingwoekologiýa ylymlaryň çatrygynda dörän ýaş ylym bolup, onuň ýurdumyzda ösdürilmegi netijesinde, gazet diliniň ekologiýasyny öwrenmäge we oňa lingwoekologik baha bermegiň kadalaryny taýýarlamaga aýratyn üns berilýär. Diliň ekologiýasyny öwrenýän alymlar, edil biologik görnüşlerde bolşy ýaly, diliň arassalygynyň saklanmagyny onuň ýitip, ýok bolup gitmezliginiň, ösmeginiň we kämilleşmeginiň şerti hasaplaýarlar. Eýnar Haugen, Klod Ažež, Maýkl Hallideý, Alwin Fill, Natalýa Belozýorowa, Natalýa Labunes ýaly alymlaryň işleri esasynda, dil biliminde diliň ekologiýasy adalgasy döredi we ösdürildi.

Gazet diliniň ekologiýasynda ýerliksiz sözleriň ulanylmazlygyna, köpsözlülikden gaça durmaga, edebi türkmen diliniň kadalarynyň berk berjaý edilmegine, awtoryň sözleýşindäki ýalňyşlyklary, kemçilikleri ýüze çykarmaga we düzetmäge, diliň baýlygyny, köpöwüşginliligini ýerlikli peýdalanmaga, täsirliligini güýçlendirmäge ähmiýet berilýär. Sebäbi gazet diliniň ekologiýasy umumy diliň, halk gepleşiginiň ekologiýasyna uly täsir edýär.

Dilçi alymlar KHBS-iň XXI asyryň başynda edebi dile täze sözleri esasy geçirijidigi hakyndaky garaýşy makullaýarlar. Diliň ösüşinde barha ýitileşýän bu hadysa edebi diliň "medialaşmagy" hökmünde kesgitlenýär. Globallaşmak ýagdaýy häzirki zaman türkmen diline hem öz täsirini ýetirýär. Habarlar rus dilinde ýazylyp, türkmen diline terjime edilen ýagdaýynda, rus diliniň, bu dile iňlis sözleriniň ýygy aralaşýandygy sebäpli onuň üsti bilen iňlis diliniň täsirini artdyrýar. Iňlis, rus dilindäki resminamalaryň terjimesiniň, makalalarda olara salgylanylmagynyň üsti bilen hem alynma sözler gazet diline aralaşýar. Türkmençe sözler bilen çalşyp bolýan (analogy bar bolan) alynma sözleriň gereginden artyk ulanylmazlygyna üns berilýär. Olar türkmen diliniň kadalaryna laýyklaşdyrylýar hem-de edebi diliň kadalaryna görä ulanylýar.

"Türkmenistanda durmuş-ynsanperwer ylymlaryny ösdürmegiň Döwlet maksatnamasynda" türkmen edebi diliniň häzirki ýagdaýyny, ösüş ugurlaryny, sözleýiş medeniýetini häzirki zaman dil bilimi ylmynyň talaplaryna laýyklykda ylmy taýdan derňemek, şeýle-de Türkmenistanda habar beriş serişdeleriniň ösüşini seljermek wezipeleri öňde goýulýar. Şundan ugur alnyp, gazet dilinde edebi söz ulanyşyň meseleleri boýunça ylmy barlaglar alnyp barylýar. Gazet diliniň ylmy taýdan derňelmeginiň esasy maksady, ilkinji nobatda, onuň täsirliligini, ýagny estetiki güýjüni ýokarlandyrmaga gönükdirilendir. Gazetleriň edebi söz ulanyş nukdaýnazaryndan, lingwoekologik esasda derňelmegi žurnalistleriň we beýleki gazet awtorlarynyň döredijilik işiniň kämilleşmeginiň esasy şertleriniň biridir.

Esasy Kanunymyzyň 21-nji maddasynda kesgitlenişi ýaly, "Türkmenistanyň döwlet dili türkmen dilidir. Türkmenistanyň ähli raýatlaryna öz ene dilini peýdalanmak hukugy kepillendirilýär". Şundan ugur alnyp, döwlet diliniň arassalygyna, ösüşine we türkmen dilindäki gazetleriň diliniň ekologiýasyna ýurt derejesinde aýratyn üns berilýär.

Rahmanberdi Goklenov
(Turkmenistan)

ECOLOGY OF NEWSPAPER LANGUAGE

Linguistics is a young science born at the crossroads of sciences, and as a result of its development in our country, special attention is paid to studying the ecology of newspaper language and preparing norms for its linguistic-ecological evaluation. Determining the ecolinguistic foundations of language purity in the newspaper is considered one of the important tasks of linguistics. The analysis of newspaper language from the point of view of linguistic culture corresponds to the functions of language and speech ecology.

Рахманберды Гокленов
(Туркменистан)

ЭКОЛОГИЯ ГАЗЕТНОГО ЯЗЫКА

Лингвоэкология – молодая наука, зародившаяся на стыке наук, и в результате её развития в нашей стране особое внимание уделяется изучению экологии газетного языка и подготовке норм его лингвоэкологической оценки. Определение эколингвистических основ чистоты языка в газете считается одной из важных задач языкознания. Анализ газетного языка с точки зрения лингвокультуры соответсвует функциям языка и речевой экологии.

Güljemal Gummanowa
(Türkmenistan)

NAKYLLARYŇ HALKY ROWAÝATLAR BILEN GATNAŞYGY

Türkmen halk döredijiliginiň rowaýatlarlarynyň žanr mümkinçiligini kesgitleýän çeper poetika hem bu halky eserleriň ösüş basgançaklaryna laýyklykda emele gelipdir. Şol sebäpli-de biziň döwrümize çenli halk arasynda saklanan soňky döwürlere degişli rowaýatlaryň çeper poetikasy hem žanryň öňden gelýän çeperçilik bazasynyň esasynda kemala gelipdir we kämilleşipdir. Bu babatda dürli jähtden rowaýatlar bilen hyzmatdaşlykda bolan nakyllaryň hem rowaýatlaryň çeperçilik bazasynyň kämilleşmeginde, estetiki funksiýasynyň täsirli bolmagynda uly hyzmaty bar. Öwüt-nesihat mazmunly nakyllar, şygyr bentleri rowaýatlaryň çeper poetikasynyň özboluşly bolmagyna oňyn täsir edipdir.

Nakyllaryň gysbylygy, manysynyň çuňlugy, funksiýasynyň edep-terbiýä gönükdirilmegi olaryň epiki eserlerde öndümli ulanylmagyna getiripdir. Şoňa görä rowaýatçylar hem ýerine ýetirýän eserleriniň ynandyryjy we täsirli bolmagy üçin häli-şindi nakyllara we atalar sözlerine ýüzlenipdirler. Şeýle maksatda getirilen nakyllaryň we atalar sözleriniň manysy köplenç, gahrymanyň hereketini, matlabyny makullamaga, onuň gylyk-häsiýetini aýdyňlaşdyrmaga gönükdirilipdir. "Geçme namart köprüsinden, goý aparsyn sil seni" diýip, goşunlaryna derýadan girip geçmegi höküm eden eden han bilen bagly aýdylýan rowaýatda getirilen nakyl, hanyň hereketini we maksadyny aňladýan çeper serişde bolup, ol "Pulhatyn köprüsiniň" taryhyny, onuň adynyň nämeden gelip çykandygyny habar berýän funksiýa bilen logiki baglanyşdyrylypdyr we nakylyň poetik gurluşy hem özbolşunda saklanypdyr.

Şeýle hem nakyllar çeperçilik serişdesi hökmünde käbir rowaýatlaryň aýdyşygynda ulanylypdyr. Muňa mysal edip, "Keýmir kör gelin gözleginde" atly rowaýatda "Çagarygy gyşyk hem bolsa, tüssesi dogry çykýandyr" diýen nakyllar gahrymanyň ugurtapyjylygyny, dilewarlygyny subut edýän serişdä öwrülipdir.

Nakyllaryň käbiri bolsa edil ertekilerdäki ýaly, rowaýatlaryň sözbaşysy hökmünde getirilipdir. Magtymguly hakyndaky "Ýakma bişersiň, gazma düşersiň" diýen rowaýatda adybir nakyl sýužetiň mazmunyny jemleýän, onuň funksiýasyny açyp görkezýän, ideýasyny aňladýan şygaryň hyzmatyny ýerine ýetiripdir. Tersine, nakylyň ýa-da atalar sözüniň döreýşini beýan etmäge bagyşlanan rowaýatlara hem duş gelinýär. Meselem, "Otuz iki amaşanyň haýsy birine aglaýyn", "Keýmiriň tüssesi" diýen rowaýatlardaky adybir atalar sözleriniň esasynda taryhy wakalar ýatýar, olaryň döremegine hem şol wakalar sebäp bolupdyr. Kanuny şertde, nakyllaryň we atalar sözleriniň ýokarky ýaly şertlerde ulanylmagy, rowaýatlaryň folklor eseri hökmünde ýerine ýetirýän estetiki funksiýasynyň belli derejede kämilleşmegine sebäp bolupdyr.

Guljemal Gummanova
(Turkmenistan)

PROVERBS' CONNECTION TO FOLK LEGENDS

The artistic poetics determining the genre potential of legends from Turkmen folk art was formed as the works of folklore developed. For this reason, the artistic poetics of legends preserved in the folk art up to our time were formed and improved on the basis of the previous artistic fundament of the genre. In this respect, proverbs in their connection with legends had a great influence on the latter, including the improvement of the artistic basis of legends and the enhancement of their aesthetic function. Proverbs with admonitions and verse elements determined the originality of the artistic poetics of legends.

Гульджемал Гумманова
(Туркменистан)

СВЯЗЬ ПОСЛОВИЦ С НАРОДНЫМ ЛЕГЕНДАМ

Художественная поэтика, определяющая жанровый потенциал легенд туркменского народного творчества, формировалась по мере развития произведений фольклора. По этой причине художественная поэтика легенд, сохранившаяся в народе до нашего времени, формировались и совершенствовались на базе предыдущей художественной основы жанра. В этом плане пословицы в своей связи с легендами оказывали большое влияние на последние, в том числе на совершенствование художественной базы легенд и повышению эффективности их эстетической функции. Пословицы с наставлениями и стихотворными элементами определяли своеобразие художественной поэтики легенд.

Gülşat Gündogdyýewa
(Türkmenistan)

TÜRKMEN WE PARS DILLERINDÄKI SINONIMDEŞ FRAZEOLOGIZMLER WE OLAR BILEN BAGLY YRYM-YNANÇLAR

Diliň esasy çeperçilik serişdeleriniň biri bolan frazeologizmleriň ulanylýan ýagdaýlaryny takyk bilmegi, daşary ýurt dilini öwrenijiniň dilini has-da baýlaşdyrýar we gözýetimini giňeldýär. Frazeologizmleriň öwrenilmegi iki halkyň medeniýeti, ruhy gymmatlyklary, yrym-ynançlary, däp-dessurlary, ahlak ýörelgeleri, adatlary we durmuşda ileri tutýan ugurlary barada birgiden gymmatly maglumatlary toplamaga ýardam berýär. Bu ýagdaý şu ugurda ylmy barlag işlerini geçirmek üçin esas bolup hyzmat edýär. Türkmen hem pars dillerini degşirmek arkaly iki halkyň dilindäki frazeologik birlikleriň meňzeşligi we tapawutlygy ýa-da diňe belli bir halka mahsus bolan aýratynlyklary äşgär edip bolýar. Aýdylanlary tassyklamak üçin iki dildäki frazeologizmleriň seljermesiniň netijesinde duş gelen taýly frazeologizmlere üns çekeliň.

Iki degşirilýän dilde gyzyň owadan ýaňaklaryny taryplaýan, nara deňeşdirilip, aýdylýan nar ýaly we مثل نار (mesl-e enar; sözme-söz terjimesi: “enar ýaly”) diýlip aýdylýan doly taýly meňzetme häsiýetli (komparatiw) frazeologizmleriň bardygy hem mälim boldy. Nar agajy barada aýdylanda, ol irki döwürlerden bäri hormatlanýan agaçlaryň biri hasaplanylypdyr. Halk arasynda aýdylyşyna görä, bu agaç Ýakup pygamberiň göz ýaşlaryndan dörän agaç bolmaly. Türkmenler şeýle hem onuň goňşulary nar agajyny gorag, doga-tumar hökmünde ulanypdyrlar.

Türkmen dilinde örän owadan, gelşikli gyz, ýaş gelin asmandaky Aýa meňzedilip aý ýaly ýa-da aýyň bölegi ýaly frazeologik söz düzümleri ulanylýar. Pars dilinde türkmen frazeologizminiň semantikasyna gabat gelýän iki sany komparatiw frazeologizme gabat gelindi. Olaryň birinjisi türkmen frazeologizminiň doly taýy bolup, مثل ماه (mesl-e mah; sözme-söz terjimesi: "aý ýaly"), ikinjisi bolsa bölekleýin taýy bolup, مثل ماه شب چهارده (mesl-e mah-e şäb-e çehardäh; sözme-söz terjimesi: "on dördünji gijäniň aýy (doly aý) ýaly") görnüşinde ulanylýar. Soňky pars frazeologizmiň türkmen dilindäki on dördi gijäniň aýy diýlip aýdylýan taýynda komparatiw frazeologizmleriň deňeşdirme bölegini düzýän "ýaly" sözi bolmasa-da, ony pars frazeologizmiň doly taýy diýip hasaplap bolar. Türkmen we eýran halklarynyň arasynda aý on dördünji gijede doly görnüşe gelip, iň owadan şekili emele getirýär diýen garaýyş bar. Käwagt eýranlylar "aý" sözüniň ýerine "gün" sözüni ulanyp, owadan, görmegeý aýal maşgala مثل آفتاب (mesl-e aftab; sözme-söz terjimesi: "gün ýaly") hem diýýärler.

Türkmen we pars frazeologizmlerinde dürli haýwanlaryň atlarynyň duş gelýändigini görmek bolýar. Ýabany haýwanlaryň arasynda möjek jandary frazeologizmlerde kän duş gelýär. Mysal üçin, türkmenler süýji sözli, güler ýüzli, içiňe-daşyňa geçip barýan, hakykatda bolsa pis, gizlin hereket edýän, misginsokar adama daşy jäjek, içi möjek ýa-da goýun derisine giren möjek diýýärler. Eýranlylar şeýle häsiýetli adamy ýylana deňeşdirip, مار خوش خط و خالی است (mar-e hoşhät(t) ohali äst; sözme-söz terjimesi: "owadan çyzykly we meňli ýylandyr") ýa-da türkmen dilindäki ikinji frazeologizme doly gabat gelýän گرگ در لباس میش (gorg där lebas-e miş; sözme-söz terjimesi: "goýun köýnegindäki möjek") diýilýän frazeologizmleri ulanýarlar. Bu mysallardan geçmişde adamlaryň möjege bolan oňaýsyz garaýyşlaryny görmek bolýar. Muňa garamazdan, käbir maglumatlara görä, öňki döwürlerde möjege ýagşy niýetde garalypdyr. Muňa mysal hökmünde aşakdaky frazeologizmleri görkezmek bolar. Sorag görnüşde aýdylýan Gurtmusyň ýa tilki? frazeologizmi häzirki döwürde bir adama tabşyrylan ýumşuň berjaý edilendigini ýa-da edilmändigini bilmek maksady bilen aýdylýar. Käwagt olaryň biraz üýtgän görnüşlerine hem duş gelmek bolýar: Gurtmusyň tilki? we Gurtmy-tilkimi?. XI asyryň belli dilçi alymy Mahmyt Kaşgarlynyň "Diwany lugatyt-türk" atly meşhur sözlüginde agzalan frazeologizmiň taýy Tilkumu toydi azu bori-mu görnüşde getirilýär. Onuň göni terjimesi: Tilki doguldymy ýa-da böri. Bu aňlatma ady agzalan sözlükde gyz ýa-da oglan çaganyň doglandygyny bilmek üçin hem ulanylandygy barada maglumat getirilýär. Bu frazeologizmlerden görnüşi ýaly, möjege şowlulyk getirýän jandar hökmünde garalypdyr.

Geçirilen derňewlerden görnüşi ýaly, iki halkyň wekilleriniň hem psihiki we fiziki ýagdaýlara, köplenç, birmeňzeş düşünýändigini, daş-töweregi gurşap alan zatlara hem-de beýleki ýagdaýlara birmeňzeş görnüşde akyl ýetirýändigini ýüze çykýar. Munuň özi iki gadymy dilde meňzeşlikleriň köpdüginiň aýdyň subutnamasydyr.

Gulshat Gundogdyyeva
(Turkmenistan)

TURKMEN AND PERSIAN SYNONYMIC PHRASEOLOGICAL UNITS AND BELIEFS CONNECTED WITH THEM

The study of phraseological units of a foreign language through comparison with the phraseological units of native language helps not only to enrich vocabulary, but also to get acquainted deeply with the culture, national values, worldview, superstitions, rites and traditions of the studied language. Knowledge of superstitions and beliefs, connected with the phraseological units, helps us to use them more correctly in oral and written speech.

In this work we make comparative analysis of the synonymic phraseological units in Turkmen and Persian languages, and we also give the examples of beliefs and superstitions connected with them. It gives the opportunity to find the similarities and differences in the means of expression of these two languages, which belong to different language groups.

Гульшат Гундогдыева
(Туркменистан)

ТУРКМЕНСКИЕ И ПЕРСИДСКИЕ СИНОНИМИЧНЫЕ ФРАЗЕОЛОГИЗМЫ И ПОВЕРЬЯ, СВЯЗАННЫЕ С НИМИ

Изучение фразеологизмов иностранного языка посредством их сопоставления с фразеологизмами родного языка способствует не только обогащению словарного запаса, но и более глубокому ознакомлению с культурой, национальными ценностями, мировоззрением, суевериями, обрядами и традициями народа изучаемого языка. Знание суеверий и поверий, связанных с фразеологизмами, позволяет более правильно употреблять их в устной и письменной речи.

В настоящей работе сопоставительному анализу подвергаются синонимичные фразеологизмы в туркменском и персидском языках, а также приводятся поверья, суеверия, связанные с ними. Это даёт возможность выявить сходство и различие в средствах выразительности двух языков, относящихся к разным языковым группам.

Gurbanberdi Gurbangeldiýew, Azat Gylyjow
(Türkmenistan)

TÄZE DÖRÄN GEOGRAFIK ATLARDA TARYHY ŞAHSYÝETLERIMIZIŇ ATLARYNYŇ EBEDILEŞDIRILIŞI

Türkmen edebi diliniň leksik gatlagynyň möhüm bölegini düzýän, Garaşsyzlyk ýyllarynda dörän geografik atlar diliň taryhyny yzarlamakda, dürli döwürlerde kemala gelen dil kanunalaýyklyklaryny derňemekde gymmatly maglumatlary özünde saklaýar. Geografik atlarda halkymyzyň ykdysady ýagdaýynyň aýratynlyklaryny, milli özboluşlylygyny, durmuş-medeni derejesiniň taryhyň aýry-aýry şertlerindäki emele gelşini hem görmek bolýar.

Garaşsyzlyk ýyllarynda halkymyzyň taryhyny çuňňur öwrenmek, umumadamzat medeniýetiniň ösmegine goşan mynasyp goşandyny dünýä ýaýmak, ata-babalarymyzyň bütin taryhyň dowamynda gazanan durmuş tejribelerini, belli taryhy şahsyýetlerimiziň adyny ebedileşdirmek ýaly köpugurly işleri durmuşa ornaşdyrmak döwletimizde ileri tutulýan esasy ugurlaryň birine öwrüldi. Şu nukdaýnazardan ugur alnyp, has takygy, taryhy şahsyýetlerimiziň atlaryny ebedileşdirmegiň çäklerinde Türkmenistanyň çäginiň käbir sebitlerine, täze obadyr etrap-şäherçelere, özleşdirilen ekin meýdanlaryna, düzlüklere, suw we ulag-durmuş hojalyk düzümlerine *Alyşir Nowaýy, Çary Aşyrow, Sabyr Ataýewa, Annaberdi Atdanow, Şaja Batyrow, Azady Döwletmämmet, Garajaoglan, Alty Garlyýew, Sahy Jepbarow, Aman Kekilow, Berdi Kerbabaýew, Mäti Kösäýew, Gylyç Kulyýew, Maýa Kulyýewa, Magrupy, Mollanepes, Seýitnazar Seýdi, Ýunus Emre, Zelili, Zynhary, Keýmir, Gowşut han, Oguz han, Aýhan, Ýazyr* ýaly döwrebap, täze geografik atlar dakyldy.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe mukaddes Garaşsyzlygymyzyň hem-de hemişelik Bitaraplygymyzyň mizemez ýörelgelerine esaslanýan döwlet syýasatymyz netijesinde, häzirki wagtda halkymyzyň edebi-ruhy gymmatlyklaryny, görnükli şahyrlarymyzyň, beýik akyldarlarymyzyň ylmy-edebi miraslaryny toplamak, Watan, il-halk üçin mynasyp işleri bitiren meşhur taryhy şahsyýetlerimizi öwrenmek we olaryň atlaryny ebedileşdirmek babatynda giň mümkinçilikler döredilýär.

Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy hem-de şäher gurluşygy we binagärlik sungaty babatdaky ýiti zehini bilen Arkadag şäherinde häzirki zaman talaplaryna laýyk enjamlaşdyrylan bilim, saglygy goraýyş, medeniýet edaralary we beýleki binalar gurlup ulanylmaga berilýär. Döwlet ähmiýetli Arkadag şäheriniň birinji tapgyrynda bina edilen medeni aň-bilim ojaklaryna, beýleki desgalara Watanymyza we halkymyza wepaly hyzmat etmegiň beýik nusgasyny

görkezen, ýurdumyzyň gülläp ösmegi ugrunda mynasyp işleri bitiren görnükli şahsyýetlerimiziň – Halkara atçylyk ýokary okuw mekdebine meşhur seýis, ussat atşynas, şan-şöhraty dünýä dolan ajaýyp ahalteke bedewleriniň ugurbaşy nesillerini döreden halypa seýis *Aba Annaýewiň*, mugallymçylyk orta hünär okuw mekdebine zähmetsöýer we zehinli mugallym, ýalkymly watançy, edermen esger, ilhalar ynsan, ynsanperwerlik we adalatlylyk ugrunda gaýduwsyz göreşiji *Berdimuhamet Annaýewiň*, lukmançylyk orta hünär okuw mekdebine tanymal şahsyýet, birnäçe döwlet sylaglarynyň eýesi, lukmançylyk ylymlarynyň doktory *Saçly Dursunowanyň,* atçylyk sirkine batyrlygyň, mertligiň nusgasy hökmünde taryha giren, türkmen halkynyň milli gahrymany *Göroglynyň,* döwrebap kitaphana türkmen halkynyň nusgawy akyldar şahyry, ynsanperwerlik, agzybirlik, adalatlylyk, parahatçylyk ýörelgelerini dabaralandyran, nesillere ahlak gözelliginiň kämil nusgasyny miras galdyran, meşhur "Wagzy-Azat" eserini döreden *Döwletmämmet Azadynyň*, drama teatryna türkmen teatr sungatynyň düýbüni tutujylaryň biri, meşhur artist, režissýor hem dramaturg, Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky halkara baýragynyň eýesi *Aman Gulmämmedowyň*, täze şäheriň ýörite sungat mekdebiniň *Sahy Jepbarowyň*, çagalar sungat mekdebine hem Şükür bagşynyň atlarynyň dakylmagy – munuň özi ýurdumyzy syýasy, durmuş-ykdysady we medeni taýdan ösdürmäge aýratyn uly goşant goşýan şahsyýetleriň atlarynyň ebedileşdirilýändiginiň, olara uly sarpa goýulýandygynyň nobatdaky subutnamasyna öwrüldi.

Geografik atlar müňýyllyklaryň önümidir. Halkymyzyň geçmişi, ýeten ykdysady-medeni derejesi onda öz beýanyny tapýar. Her bir döwrüň aýratynlyklary, syýasy-ykdysady ösüşleri, halklar arasyndaky dürli görnüşli medeni täsirleşmeler diliň leksikasynda, şol sanda geografik atlarda hem özboluşly yz galdyrypdyr.

Gurbanberdi Gurbangeldiyev, Azat Gylyjov
(Turkmenistan)

IMMORTALIZING THE NAMES OF HISTORICAL FIGURES IN NEW GEOGRAPHICAL NAMES

Within the framework of immortalizing the names of our famous historical figures in the years of independence, the names of *Alyshir Novayy, Chary Ashyrov, Sabyr Atayeva, Shaja Batyrov, Doveletmammet Azady, Magrupy, Mollanepes, Seyitnazar Seydi, Keymir Kor, Govshut Han, Oguz Han, Ayhan, Yazyr* and others were given to some regions, new villages, etraps, townships and other geographic areas.

In the period of Revival of the New Era of the Powerful State, the giving name Arkadag to the new city created in the foothills of Kopetdag, as well as the names of our outstanding individuals, who showed a great example of faithful service to our country and people, and who did their noble deed to the prosperity of our country – *Aba Annayev, Berdimuhamet Annayev, Sachly Dursunova, Gorogly, Dovletmammet Azady, Aman Gulmammedov, Sahy Jepbarov, Shukur Bagshy*, to the cultural and educational centres as well as other buildings constructed in this city – is a vivid proof that the names of the personalities who make a great contribution to the political, socio-economic and cultural development of our country are immortalized, and they are highly honoured in our state.

Гурбанберды Гурбангельдыев, Азат Гылыджов
(Туркменистан)

УВЕКОВЕЧИВАНИЕ ИМЕН ИСТОРИЧЕСКИХ ДЕЯТЕЛЕЙ В НОВЫХ ГЕОГРАФИЧЕСКИХ НАЗВАНИЯХ

За годы независимости в увековечивании имен наших известных исторических деятелей, среди которых такие известные личности как *Алишер Навои, Чары Аширов, Сабыр Атаева, Шаджа Батыров, Довлетмаммет Азади, Магрупи, Молланепес, Сейитназар Сейди, Кеймир кор, Говшут хан, Огуз хан, Айхан, Языр* и другие, в честь которых были названы отдельные районы, новые села, этрапы, поселки и др.

В эру Возрождения новой эпохи могущественного государства присвоение имени Аркадаг новому городу, созданному в предгорьях Копетдага, а также имен наших выдающихся личностей, показавших великий пример верного служения Родине и народу, совершивших благородные деяния во имя процветания нашей страны – *Аба Аннаев, Бердымухамет Аннаев, Сачлы Дурсунова, Гороглы, Аман Кульмаммедов, Сахи Джепбаров, Шукур бахши,* были присвоены культурно-образовательным центрам и другим зданиям, построенным в этом городе. Все это представляют собой очевидный пример того, что имена деятелей, внесших большой вклад в политическое, социально-экономическое и культурное развитие нашей страны, увековечены, и высоко чтимы в нашем государстве.

Osmanberdi Gurbangeldiýew
(Türkmenistan)

SUWUŇ BEJERIŞ, ŞYPA BERIŞ HÄSIÝETI BILEN BAGLY DÖRÄN SÖZLER WE SÖZ DÜZÜMLERI

"Suw – wodorodyň we kislorodyň himiki birleşmesi, reňksiz dury suwuklyk". Türkmen dilinde hem onuň şypa beriş, bejeriş alamatlary göz öňünde tutulyp döredilen sözler, söz düzümleri kän. Türkmenleriň suwa gadymdan bäri "suw aga" diýip ýüzlenmegi, akar suwuň kenaryna salam berip barmagy ýöne ýerden däl. Adamzat döräli bäri janly-jandarlaryň bedenini günde, howada, suwda berkitmekleri barada alymlaryň ençeme ylmy barlaglary bar. Mysal üçin, oba hojalyk ekinlerini ösdürip ýetişdirmek, toprakdan netijeli hasyl almak bilen bagly bogun suwy – jöweniň boý alyp, 8–9 bogna çenli ösmegine mümkinçilik berýän ikinji suw, boý suwy – ekiniň boý almagy üçin berilýän ikinji, üçünji suw, güýz suwy – tagt suwy ýaly, gül suwy – bugdaýa berilýän sümmül suwdan öňki suw, gyş suwy – dürli maksatlar bilen, gyş paslynda ýeri suwaryş düşnjeler dörän bolsa, suwuň şypa beriş, bejeriş häsiýetleri bilen bagly döränleri hem häli-şindi duş gelýär.

Gündogar halklarynyň köpüsinde durmuş gurýan ýaşlaryň maşgalasynyň şaýady hökmünde taýýarlanylýan nika suwuna süýjülik suwy ýa-da dirilik suwy diýlipdir, gorkan adama gazanyň garasy atylan gorkulyk suwy berlipdir, dertli bendeler akar suwuň başyna salam berip baryp, dertlerine şypa diläp, suwdan içipdirler hem-de şol ýerde suwa düşüpdirler, suwuň dertleriniň melhemi boljakdygyna pugta ynanypdyrlar we dertlerine şypa tapypdyrlar. Şol wagtlardan bäri dilimiziň sözlük düzüminde leksikanyň bu bölümine degişli sözler döräpdir.Ylmyň, tehnikanyň we innowasion tehnologiýanyň ösen döwründe suwuň keselleriň öňüni almakda, olary bejermekde ägirt uly melhemlik ähmiýete eýedigi dünýä ýüzüniň lukmanlarynyň üns merkezinde. Lukman alymlar derman serişdelerini ulanmazdan näsaglara bejeriş bermegiň ugrunda köp işleri alyp barýarlar. Türkmenistanyň çäklerinde türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň başlygy, Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary bilen ynsanlaryň saglygyny şypaly suwlar bilen dikeltmekleri üçin örän uly işler edildi. Ýurdumyzdaky "Berzeňňi," "Arçman," Ýyly suw, "Baýramaly", "Farap", "Mollagara", "Daşoguz", "Mirap", "Awaza" şypahanalarynyň bejeriş üçin halkyň hyzmatyna berilmegi netijesinde ene dilimiziň sözlük düzümine täze sözlerdir söz düzümleri bilen baýlaşmagyna-da täsirini ýetirdi. Olary aşakdaky ýaly delillendirmek maksadalaýyk bolar.

1. "Berzeňňi" – ýeriň, çeşmäniň, şypahananyň ady.
2. "Arçman" – obanyň, baý dermanlyk häsiýetli çeşmäniň, şypahananyň ady.
3. "Ýyly suw" – şypahananyň we suwuň ady.

4. “Baýramaly” şypahanasynda çogly güneş, arassa howa, mineral suw arkaly böwrek, ýürek -damar hem beýleki keselleriň birnäçesine bejergi berilýär.

5. “Farap” şypahanasynyň bejeriş suwy guragyryny, daýanç-hereket ediş ulgamyny, deri kesellerini, aşgazan-içege kesellerini, bagry, öt çykaryş ýollarynyň kesellerini, ýürek-damar we beýleki keselleri bejermek üçin diýseň peýdalydyr.

6. “Mollagara” şypahanasy duzly suwy hem pes bolmadyk derejede bejerijilik häsiýetine eýe bolup, ýokary minerallaşan duzly suwy hlor-natriý-magniý suwlaryna degişli edilýär.

7. “Daşoguz” şypahanasy nerw ulgamynyň, şeýle hem gan aýlanyş, süňk-bogun, dem alyş, iýmit siňdiriş, endokrin, jyns, nerw we deri kesellerini bejerýär.

8. “Mirap” sagaldyş-dynç alyş öýi Lebap welaýatynyň çäklerinde ýerleşýär. Bu ýeriň esasy melhemi, onuň çäginde 1100 metr çuňlukdan atylyp çykýan, dünýäde örän seýrek duşýan duzly suwdur.

9. “Awaza” köptaraply deňiz şypahanalary toplumy.”Awaza” derýasy täzelik we könelik ýokundysy aýdyň duýlup duran sözdür.

Lukmanlar bu suwlar arkaly dürli kesseleri bejerip bilýär. Şonuň esasynda düzümindäki himiki elementleri boýunça atlandyrylan suwlar: ýodly suw, gazly suw, demirli suw, kümüşli suw, bromly suw ýaly düşünjeler döräpdir. Distillirlenen suw – gaýnadylýan suwuň bugundan emele gelýän duzsuz suw. Distilliýasiýa netijesinde özündäki mineral duzlardan, organik maddalardan we beýleki garyndylardan arassalanan suw. Bulardan başga-da, Türkmenistanyň çägindäki mineral suwly çeşmeler bilen bagly dörän içmek hem-de bejeriş bermek aýratynlyklary hasaba alnyp döredilen mineral suwlar, ýodlaşdyrylan, bromly, ýod-bromly we sulfid mineral suwlar gidroterapiýa arkaly suw bilen bejergi gerekli ýörite agaç wanna, gidromassaž ýaly birnäçe mysallary görkezmek bolar.

Osmanberdi Gurbangeldiyev
(Turkmenistan)

WORDS AND PHRASES RELATED TO THE HEALING, HEALTH – GIVING PROPERTIES OF WATER

“A water – is a chemical compound of hydrogen and oxygen, a colorless transparent liquid”. In the Turkmen language there are many words and phrases created taking into account its healing and health properties. In very ancient times, among the many Eastern peoples, “a wedding water”, prepared for those, who entering into a marriage, as an evidence of creation of a family of young people entering into a marriage, was called a water of sweetness or a water of life; a frightened person was given “a water of fear”, to which soot from a cauldron

was added. In the era of the development of science, technology and innovative technologies, given the fact that water has great therapeutic value in the prevention and treatment of diseases, much work is being done in order to restore the people's health with healing waters within the territory of Turkmenistan. As a result of the provision of the "Berzengi", "Archman", "Yyly Suv", "Bayramaly", "Farap", Mollagara, Dashoguz, Mirap, Avaza sanatoriums to the population for treatment, the vocabulary of our native language has increased, and enriched with the new words. They are not only the names of sanatoriums or the name of the area, but also the name of water and springs, which, by the way, are very useful for treatment of diseases. A closed type reservoir and a reservoir with a medicinal mineral water, which arose in such way, the underground springs, a hydrogen-sulphide water and iodine-bromine water – are all words created in order to make it easier for anyone to understand, as well as to indicate its composition.

Османберды Гурбангельдыев
(Туркменистан)

СЛОВА И СЛОВОСОЧЕТАНИЯ, СВЯЗАННЫЕ С ЦЕЛЕБНЫМИ, ОЗДОРОВИТЕЛЬНЫМИ СВОЙСТВАМИ ВОДЫ

"Вода – химическое соединение водорода и кислорода, бесцветная прозрачная жидкость". В туркменском языке существует множество слов и словосочетаний, созданных с учётом её целебных, оздоровительных свойств. В древние времена у многих восточных народов "брачная вода", приготовленная для вступающих в брак, как свидетельство создания семьи , называлась водой сладости или водой жизни, испугавшемуся человеку давали "воду от страха", в которую добавляли сажу от казана. В эпоху развития науки, техники и инновационных технологий, учитывая тот факт, что вода имеет огромное терапевтическое значение в профилактике и лечении заболеваний. в стране проводятся большие работы по восстановлению здоровья людей целебными водами на территории Туркменистана. В результате предоставления населению для лечения санаториев "Берзенги", "Арчман", "Йылы сув", "Байрамали", "Фарап", Моллагара, Дашогуз, Мирап, Аваза, словарный запас нашего родного языка увеличился, обогатившись новыми словами.

Meretguly Gurbanow
(Türkmenistan)

MEDENIÝETE KYBAPDAŞ OKUW MATERIALLARYNYŇ OKUWÇYNY HÖWESLENDIRMEKDÄKI ÄHMIÝETI

Medeniýet arkaly iňlis /daşary ýurt dilini öwretmek, häzirki döwürde has giňden ýaýrap, okuw materiallarynyň möhüm bir bölegine öwrüldi. Medeniýet höweslendirmegiň oňaýly usullaryndan biri bolup, okuwçylara dersde diliň hakyky durmuşda ulanylyşynyň peýdaly nusgalaryny hödürleýär.

Bu iş medeniýet, onuň kesgitlemesi, medeniýetiň we diliň gatnaşygy we esasy bölegi – daşary ýurt dilini öwrenmegi güýçlendirmekde medeniýete kybapdaş okuw materiallarynyň tutýan orny baradadyr.

Alymlaryň arasynda medeniýet bilen iňlis dilini öwretmegiň arasyndaky baglanyşyk barada giňden ýaýran we gapma-garşylykly iki pikir bar. Olaryň birinjisi, medeniýet bilen dil biri-biri bilen aýrylmaz baglanyşykly bolansoň, iňlis dilini öz içine alýan medeniýeti (has dogrusy, medeniýetleriň biri) bolmasa öwredip bolmaz. Ikinjisi, iňlis dilini öwretmek medeni taýdan garaşsyz amala aşyrylmalydyr. Şeýle-de bolsa, biz iňlis medeniýetiniň ýerine iňlis dili okuw materiallarynyň mazmunynyň dil öwrenýänlere tanyş bolmalydygyny öňe sürýäris. Mundan başga-da, medeniýete kybapdaş iňlis dili okuw materiallarynyň bu dili öwrenmäge itergi berjegine we çaltlaşdyrjagyna ynanýarys.

Bu işiň netijeleri, Türkmenistanda iňlis dili derslerinde medeni we umumadamzat gymmatlyklaryny öwretmek we öwrenmek üçin täsir eder diýip umyt edilýär.

Meretguly Gurbanov
(Turkmenistan)

IMPORTANCE OF STUDYING MATERIALS LIKE CULTURE IN ENCOURAGING STUDENT

Culture has become an increasingly important component of English Language Teaching in recent times. There are a number of reasons for this related to a view of language that incorporates a wider social and culture perspective, and to the increasingly multicultural use of English. To illustrate this multicultural use of English the present study is an attempt to explore the way culture is addressed in English Language Teaching in Turkmenistan in general and the place of culture in ELT at the high school level of education in particular.

Teaching a foreign language by means of culture has become increasingly widespread nowadays. As an English teacher, one should try to keep students interested in the classroom. Culture is one of the best ways of motivation and it also provides students with useful models of authentic use of the language in the classroom.

Throughout this study, this issue is examined with reference to the relevant theoretical background, and the content analysis of prescribed textbooks. This study is on culture, its definitions, relationship of culture and language and the main part – the role of culturally friendly materials in enhancing foreign language learning.

Among the scholars of the field there are two widely spread and opposing views regarding the relationship between culture and English language teaching. One is that, since culture and language are inseparable, English cannot be taught without the culture (or rather, one of the cultures) in which it is embedded. The other one is that English language teaching should be carried out independently of its cultural context. However, the researcher suggests that, instead of the context of the target culture, the content of ELT and ELT materials should be familiar to language learners. Moreover, the researcher hopes that culturally friendly ELT materials will motivate and accelerate the learning of English. Taking this argument as a starting point, this study reports on a research carried out at different educational institutions in Turkmenistan investigating students and teachers' attitudes to the cultural content of the Turkmen EFL courses.

The findings of this study are hoped to have implications for teaching and learning culture and moral values in English as a Foreign Language classrooms in Turkmenistan.

Меретгулы Гурбанов
(Туркменистан)

ВАЖНОСТЬ КУЛЬТУРНО-УСТОЙЧИВЫХ МАТЕРИАЛОВ ДЛЯ МОТИВАЦИИ УЧАЩИХСЯ

Культура является одним из лучших способов мотивации, в процесса обучения английского языка. И это также дает студентам полезные модели подлинного использования языка в классе.

Среди ученых в этой области существуют две широко распространенные и противоположные точки зрения относительно взаимосвязи между культурой и преподавания английского языка. Один из них трактуется, так, культура и язык неразделимы, английский невозможно выучить в отрыве от культурной состовляющей британского мира. Другая точка зрения базируется

на убеждении, что обучение английскому языку должно осуществляться независимо от его культурного контекста. Мы предполагаем, что вместо контекста целевой культуры, содержание обучения английского языка и материалов должны быть знакомы изучающим язык. Мы надеемся, что соответствующие культурные материалы, сопотствующие процессу обучения английскому языку, будут мотивировать и ускорять изучение английского языка.

Altyn Gurbanowa
(Türkmenistan)

DAŞARY ÝURT DILLERI ÖWRENILENDE, IDIOMALARYŇ WAJYPLYGY

Dil öwrenýänleriň okamak, ýazmak we gürlemek endiklerini ösdürmekde, leksik materiallary has içgin öwrenmekde idiomalar örän ähmiyetlidir.

Daşary ýurt dili öwredilýän, öwrenilýän wagtynda, esasanam, aragatnaşyk endiklerini ösdürmek maksat edilen halatynda, idiomalar arkaly dil öwretmek netijeli usullaryň biridir.

Mundan başga-da, iňlis dilinde gürleýänleriň arasynda gündelik gepleşikde idiomalaryň giňden ulanylmagy, synpda we synpdan daşarda okuwçylaryň söz baýlygyny artdyrmaga we iňlis gepleşik dilini kämilleşdirmäge ýardam berer.

Altyn Gurbanova
(Turkmenistan)

THE IMPORTANCE OF IDIOMS IN LEARNING A FOREIGN LANGUAGE

It is very interesting to university students to be enrolled in the procedure of learning specific idioms because of this way they can performance several activities through the use of idioms.

The integration of idioms has a very important attention in the teaching and learning process of English, especially as a form to implement effective techniques to incorporate idioms in the classroom. Idioms in and outside the classroom are widely believed to help teachers and students promote an innovative environment of communication. However, the integration of idioms in the teaching and learning process may be difficult or ineffective for some learners or teachers because it is not relevant or necessary for carrying out educational goals.

Furthermore, from teachers' perspectives, with a variety of activities based on idioms can help to facilitate needs and challenge students' learning process.

The type of activities and how they are constructed in the classroom is found as one of the most important aspects that help to the success of using idioms in and outside the classroom and the appropriate teachers' role.

The use of idioms has a great influence in the teaching and learning process of a foreign language, because it could be one of the ways to give students better conditions to improve communicative skill in the daily context.

Moreover, the common use of idioms in daily speech for English speakers has brought a necessity in the teaching field to implement the use of this tool in and outside the classroom in order to help students be competitive, increase their vocabulary and the informal way to speak in English.

English is a language particularly rich in idioms – those modes of expression peculiar to a language (or dialect) which frequently defy logical and grammatical rules. Without idioms English would lose much of its variety and humor both in speech and writing. The background and etymological origins of most idioms is at best obscure. This is the reason why a study of differences between the idioms of American and British English is somewhat difficult.

But it also makes the cases, where background, etymology and history are known, even more interesting. Some idioms of the "worldwide English" have first been seen in the works of writers like Shakespeare, Sir Walter Scott, Lewis Carroll or even in the paperbacks of contemporary novelists. An example of Shakespearian quotation can be found in the following sentence: "As a social worker, you certainly see the seamy side of life."

Алтын Гурбанова
(Туркменистан)

ВАЖНОСТЬ ИДИОМ В ИЗУЧЕНИИ ИНОСТРАННОГО ЯЗЫКА

В статье рассматривается проблема изучения идиом, которое способствует более интенсивному усвоению лексического материала и развивает у учащихся навыки чтения, письма и говорения.

Использование идиом оказывает большое влияние на процесс преподавания и изучения иностранного языка, поскольку может стать одним из способов предоставления учащимся лучших условий для развития коммуникативных навыков во всех сферах жизни.

Более того, широкое использование идиом в повседневной речи среди носителей английского языка привело к необходимости в области преподавания реализовать использование этого инструмента в аудитории и за ее пределами, чтобы помочь учащимся быть конкурентоспособными, обогатить свой словарный запас и говорить на неформальном английском языке.

Aýsenem Gurbanowa
(Türkmenistan)

TÜRKMEN FOLKLORYNYŇ AÝDYM ŽANRYNDA HALKYŇ RUHY DÜNÝÄSINIŇ ŞÖHLELENILIŞI

Ýaşuly nesliň özünden soňky nesle goýup biljek iň uly gymmatlyklarynyň biri ruhy mirasdyr. Ol görüm-göreldäni, milli däp-dessurlary, ýaşuly nesliň durmuş tejribesini, terbiýe bermek medeniýetini, döredijilik dünýäsini we pähim-paýhasyny özünde jemleýär. Üstünden ençeme asyr aşyp, nesilleriň paýhasyndan hem döredijilik zehininden ganyp, kämillik derejesine ýeten halk döredijilik eserlerimiz şol ruhy mirasyň edebi nusgasydyr.

Türkmen halk döredijiligi şahyrana, kyssa we kyssawy şahyrana toparlara degişli bolan onlarça žanrlardan we görnüşlerden ybaratdyr. Olaryň arasynda gündelik durmuşymyzda ýygy-ýygydan duş gelýän žanrlaryň biri-de, şahyrana topara degişlilikde öwrenilýän aýdymlar žanrydyr.

Belli bir heň bilen saza goşulyp ýa-da sazsyz, labyzly heňde aýdylýan goşgulara aýdymlar diýilýär. Her bir aýdymyň özüne mahsus heňi bolup, olar, esasan, ýeke-ýekelikde, käte aýdyşyk görnüşinde hem ýerine ýetirilýär. Bu žanra halk dessanlaryndan we eposlardan alnan, şeýle hem awtory näbelli bolan halk aýdymlary, zähmet prossesinde hiňlenilip aýdylýan aýdymlar degişlidir. Şahyrana topar folkloryň aýdymlar žanry hem beýleki halk döredijilik eserleri ýaly, ilkibaşda kimdir bir dilewar, şahandaz adam tarapyndan döredilip, soňra kämilleşme basgançaklaryny geçip, folklor eserine öwrülipdir.

Aýdym-sazyň ynsanyň köňül syrdaşy bolandygy üçin bu žanryň döreýiş taryhynyň gadymydygyny aýdyp bolar. Muny ençeme asyr mundan ozal döredilen halk dessanlarynyň, eposlaryň mazmunynda aýdymlara uly orun berilmegi bilen delillendirmek bolar. Şol gadymy halk dessanlarynyňdyr eposlaryň gahrymanlarynyň ählisi diýen ýaly bagşy-ozan ýa-da söz sungatyna uly sarpa goýýan adamlardyr. Olar köňlüniň joşan ýa-da gama batan pursatlarynda goşa taryny goluna alyp, duýgularyny aýdym aýtmak bilen beýan edýärler.

Halkymyzyň döwresini uludan tutýan toý-tomaşasynda dutaryň göwräňde jümşüldi döredýän owazynyň üstüni ýetirýän labyz bilen türkmen halk aýdymyny

aýdyp oturan bagşy köpçülige aýgytly täsirini ýetirýär. Şeýle aýdymlaryň bir topary "halk aýdymy" diýen ada mynasyp bolup, öz ömrüni bakylaşdyrmagy başardy. Şahyrana toparyň aýdymlar žanryna degişli bolan türkmen halk aýdymlarynyň aglabasy köp temaly mazmunda bolup, olarda islendik ýaşly adamy gyzyklandyrýan ýagdaýlar hakynda aýdylýar. Halk aýdymlarynda söýgi, durmuş, ykbal, ruhy ahwalatlar, öwüt-nesihat temalary çeperden sada dilde, çuň manyly beýan edilýär. Sözleriniň sadalygy olaryň tutuş halk köpçüligine düşnükli bolmagyny üpjün edýär. Şeýle hem bolsa halk aýdymlarynda beýan edilýän waka, ahwalat çuň manylydyr. Olaryň beýan edilişi juda çeperdir.

Ilkibaşda dilewar, suhangöý bir adam tarapyndan döredilen bu aýdymlaryň halkyň göwnüne laýykdygy üçin köpçülik ony özüniňki ýaly kabul edip, ony döredijiniň adyna ähmiýet bermändigi sebäpli wagtyň geçmegi bilen olaryň awtorynyň ady ýatdan çykarylypdyr. Halk arasynda ýörgünli aýdylyp gelen, awtory belli bolmadyk şeýle halk aýdymlary juda kändir. Uzak wagt kämilleşme ýoluny geçen bu aýdymlar iňňän çeper we täsirlidir. Halk köpçüliginiň her bir adaty wekili zähmet çekip ýören wagty ýa dynç alýan pursatlary ol aýdymlara özüçe hiňlenip, göwnüne teselli tapyp bilýär. Beýle aýdymlara "Nergiz", "Alty gyz egledi meni", "Ogulgözel", "Oguljan", "Ýelpeselendi", "Bibijan", "Özüm alaram", "Näzli gözel" we başgalary mysal getirmek bolar.

Şahyrana folkloryň aýdym žanry halkymyzyň baý dünýägaraýşyny, duýgy-düşünjesini, milli häsiýetini özünde jemleýär. Halk hazynasy hasaplanýan bu gymmatlyklar indiki nesillerimize galmaly mirasymyzdyr. Olar halkyň ruhy hazynasynyň egsilmejek çeşmesidir. Şahyrana folkloryň aýdym žanrynda türkmen kalbynyň gözelligi, päkligi, ýagşy niýetliligi, ýaşaýşa, ene topraga, ata Watana, ene-ata hem-de birek-birege bolan söýgüden pürepürligi öz beýanyny tapýar. Başgaça aýdylanda, olar türkmen halkynyň ruhy dünýäsiniň köp öwüşginliligini şöhlelendirýän halk döredijiligine degişli bentlerdir.

Aysenem Gurbanova
(Turkmenistan)

REFLECTION OF THE SPIRITUAL WORLD OF THE PEOPLE IN THE SONG GENRE OF TURKMEN FOLKLORE

Poems chanted with a certain rhythm to or without music are called songs. Each song has its own motiff, and they are performed mainly solo, sometimes by choir. This genre includes songs taken from folk stories and epics, as well as folk songs by unknown authors, and songs hummed during work. The poetic group,

like the song genre of folklore and other folk creations, was originally created by a certain eloquent, sharp-tongued person, and then, after going through stages of improvement, turned into a folk creation. Every ordinary person can find comfort in these songs by humming them in his own way while working or relaxing. Examples of such songs include “Nergiz”, “Alty gyz egledi meni”, “Ogulgozel”, “Oguljan”, “Elpeselendi”, “Bibidjan”, “Ozum alaryn”, “Nazli gozel” and others. The song genre of poetic folklore reflects the beauty and purity of the Turkmen soul, benevolence, overwhelming with love for life, the Homeland, parents and each other. In other words, these are folk poems that reveal the diversity of the spiritual world of the Turkmen people.

Айсенем Гурбанова
(Туркменистан)

ОТРАЖЕНИЕ ДУХОВНОГО МИРА НАРОДА В ПЕСЕННОМ ЖАНРЕ ТУРКМЕНСКОГО ФОЛЬКЛОРА

Стихи, скандируемые с определенным ритмом под музыку или без нее, называются песнями. У каждой песни есть свой мотив, и исполняются они преимущественно соло, иногда хором. К этому жанру относятся песни, взятые из народных былин и эпосов, а также народные песни, неизвестных авторов и песни, напеваемые в процессе работы. Поэтическая группа, как и песенный жанр фольклора, и другие произведения народного творчества, в далёкие времена были созданы талантливыми, художественно одарёнными людьми, а затем, пройдя этапы совершенствования, стали фольклорным произведениями. В качестве примеров таких песен можно привести “Нергиз”, “Алты гыз эгледи мени”, “Огулгозель”, “Огулджан”, “Елпеселенди”, “Бибиджан”, “Озюм аларын”, “Назли гозель” и другие. В песенном жанре фольклора нашли отражение красота и чистота туркменской души, доброжелательность, переполненность любовью к жизни, Родине, родителям и друг к другу. Иными словами, это фольклорные произведения, раскрывающие многообразие духовного мира туркменского народа.

Laçyn Gurdowa
(Türkmenistan)

ÝAPON DILINDE GOŞMA IŞLIKLERIŇ AÝRATYNLYKLARY

Her bir dilde söz toparlarynyň esasylarynyň biri işlikler hasaplanylýar. Işlikler bu predmetleriň, zatlaryň, düşünjeleriň gymyldy-hereketini, ýerine ýetirýän işini, işiň ýagdaýyny aňladýan söz toparydyr. Söz toparlarynyň bu görnüşi sözlemde köplenç habar hyzmatyny ýerine ýetirip gelýär. Goşma işlikler grammatikanyň we leksikanyň esasy düzüm bölegidir. Goşma işlikler arkaly dürli-dürli semantik öwüşginleri beýan edip bolýar we dil janly, gaýtalanmajak şekili emele getirýär. Türkmen alymlarynyň aýtmaklaryna görä, goşma işlikler kömekçi işlikler bilen isimiň ýa-da işligiň bilelikde ulanylmagyndan hasyl bolup, onuň başdaky sözüne esasy söz, ikinjisine kömekçi işlik diýilýär. Mysal üçin: *çykyş etmek, tankyt etmek, geň galmak, ýazyp gutarmak, okap bolmak.* “Olar wagtyny manyly, gowy bir işe *sarp etmekden* göwnühoş bolýarlar”.

Ýapon dilinde edil türkmen diliniň grammatikasynda bolşy ýaly, isimlerden ýasalan işlikleriň aglaba bölegine gabat gelmek bolar: 結婚 (kekkon-*toý*) する (suru-*etmek*)-toý etmek ýa-da toý tutmak、散歩 (sampo-*gezelenç*) する (suru-*etmek*)-gezelenç etmek、旅行 (rýoko: -*syýahat*) する (suru-*etmek*)-syýahat etmek、食事 (şýokuji-*nahar*) する (suru-*etmek*) (*naharlanmak*)nahar iýmek, naharlanmak、休憩 (kýu:ke: - *arakesme*) する (suru-*etmek*)-arakesme etmek、研究 (kenkýu: - *ylmy-barlag*) する (suru-*etmek*)-ylmy iş etmek, barlag geçirmek、買い物 (kaimono-*söwda*) する (suru-*etmek*)-söwda etmek、相談 (so:dan-*maslahat*) する (suru-*etmek*)maslahat etmek, maslahatlaşmak、心配 (şimpai-*alada*) する (suru-*etmek*)-alada etmek、洗濯 (sentaku-*kir*) する (suru-*etmek,* (*ýuwmak*))-kir ýuwmak, おねがい(haýyş)する(etmek)-haýyş etmek. Mysallardan görnüşi ýaly, ýapon dilindäki isimlerden bolan goşma işlikleriň aglaba bölegininiň kömekçi işligi する“etmek” sözünden ybaratdyr.

Şeýle-de ýapon dilinde esasy sözi işlikden bolan goşma işlikler すぎる(sugiru)-artmak、だす(dasu)-çykmak、はじめる(hajimeru)-başlamak、おわる(owaru)-gutarmak, dynmak、あう(au)-duşmak, gabat gelmek、わすれる(wasureru)-unutmak、かける(kakeru)-sarp etmek、やむ(ýamu)-bes etmek, bitirmek、あける(akeru)-açmak、くらべる(kuraberu)-deňeşdirmek、くらす(kurasu)-ýaşamak ýaly işlikleriň kömegi bilen ýasalýarlar. Ýapon dilindäki bu görnüşli goşma işliklerde esasy söz işligiň infinitiw şekilinde gelýär. Mysal üçin:

<u>働き</u>すぎる – hatarakisugiru-hataraki(işlemek)+sugiru(artdyrmak), ýagny, “gereginden artyk işlemek” diýen manyny aňladýar.

<u>食べ</u>終わる – tabeowaru-tabe (iýmek)+owaru (gutarmak). Bu ýapon goşma sözi “iýip gutarmak” diýen manyny aňladyp gelýär.

言い忘れる – iiwasureru-ii (aýtmak)+wasureru (unutmak), ýagny, “aýtmagy unutmak” diýen manyny aňladýar.

Ýapon dilindäki käbir goşma işlikleri beýleki dillere, aýratyn hem günbatar ýurtlarynyň dillerine terjime etmek üçin, söz düzümleri, kömekçi sözler, kähalatlarda bolsa bitewi sözlemler zerurdyr.

Lachyn Gurdova
(Turkmenistan)

FEATURES OF COMPOUND VERBS IN JAPANESE LANGUAGE

Both languages have several grammatical categories of verbs, one of the main ones being compound verbs. Adverbs constitutes an essential part of grammar and vocabulary. This article sheds a light to the similarities and peculiarities in the classification and formation of compound verbs in Japanese language.

Лачин Гурдова
(Туркменистан)

ОСОБЕННОСТИ СОСТАВНЫХ ГЛАГОЛОВ В ЯПОНСКОМ ЯЗЫКЕ

В обоих языках есть несколько грамматических категорий глагола, в частности категория формы составного глагола. Составные глаголы являются основной частью лексики и грамматики. В данной работе были выявлены основные сходства и различия в группировании и образовании составных глаголов в японском языке.

Ata Gylyjow
(Türkmenistan)

HAS ATLAR WE SÖZ ÝASAÝJY GOŞULMALAR

Halkyň dilindäki söz ýasaýjy goşulmalaryň leksik birliklerinin ösüşinde, ulanylyşynda ýaşamaga ukyply bolmagynyň ähmiýeti uludyr. Olar haýsy-da bolsa bir goşmaça grammatik many aňlatmak üçin asyl sözlere, kök sözlere goşulýar. Dilimizde söz ýasaýjy goşulmalar täze many aňlatmakda möhüm dil serişdeleriň biridir. Mälim bolşy ýaly, morfologik söz ýasalyşyň tebigy kanunalaýyklygy

esasynda türkmen diliniň sözlük gorunyň baýlygy has artypdyr. Munuň özi dilimiziň içki serişdeleriniň hasabyna, şeýle hem alynma sözleriň we söz ýasaýjy goşulmalaryň kömegi arkaly kämilleşmek, ösmek hadysasyny başdan geçirýän dilleriň hemmesinde kanunalaýyk ýagdaý hasaplamak bolar.

Bilşimiz ýaly, leksik birlikleriň ýa-da adalgalaryň emele gelmeginde we kämilleşmeginde türkmen diliniň söz ýasaýjy goşulmalarynyň ulanylyş işjeňligi birmeňzeş däldir. Bu leksik gatlaga degişli sözleri ýasamaga gatnaşýan söz ýasaýjy goşulmalaryň önümlisi hem, önümsizi hem bolýar. Galyberse-de, goşulmalar grammatik taýdan özara tapawutlanyp, olar özleriniň söz ýasamak hyzmaty boýunça aratapawutly goşulmalar hasaplanylýar. Mysal üçin, türkmen dilinde söz ýasaýjy goşulmalara *-çy/-çi; -lyk/-lik; -ly/-li; -ça/-çe; -y/-i; -ga/-ge; -yndy/-indi; -mak/-mek; -ma/-me; -gyç/-giç; -ýet/-ýat; -dar/-der* we beýlekileri degişli etmek bolar. Şu makalamyzda olaryň käbirleriniň adam atlaryny ýasamakdaky hyzmatynyň üstünde durup geçmegi makul bildik.

Adam atlaryny öwrenmekde esasy ýörelgeleriň biri-de, olaryň leksika-grammatik derňewidir, çünki antroponimler sözlerden durýar, sözler bolsa degişli diliniň içki fonetik, morfologik we semantik kanunlaryna boýun egýär.

Türkmen dilindäki sözleriň ählisinde bolşy ýaly, adam atlaryny ýasamakda hem antroponimik komponentleriň, şeýle hem şahsy at ýasaýjy goşulmalaryň dürli görnüşleri ulanylýar.

Türkmen dilinde adam atlaryny ýasamaga gatnaşýan käbir goşulmalardan aşakdakylary bellemek bolar: *-ly,-li; -ja, -je; jyk, -jik; -yş, -iş; -lar, -ler* we beýleki goşulmalar. Şahsy at görnüşinde ulanylýan sözleri ýasamaga işjeň gatnaşýan goşulmalar aşakdakylardan ybaratdyr:

***-ly, -li* goşulmasy.** Adam atlary ulgamynda *-ly, -li* goşulmanyň kömegi bilen ýasalan şahsy atlara, esasan, şular degişlidir: *Agöýli, Meňli, Hally, Täçli, Narly, Garly, Gaýly, Ýelli* we ş.m. Türkmen dilinde *-ly,-li* goşulmasynyň goşma adam atlaryndaky orunlary hem dürli-dürlüdir. Mysal üçin, *Amanmeňli, Hanmeňli, Akmeňli, Ýelligylyç, Toýlymyrat, Ballybaý* we beýlekiler;

-ja, -je; -jyk, -jik* goşulmalary.** Antroponimiýada bu goşulmalar özleriniň goşulan sözlerinde kiçeltmegi, söýgülilik äheňini aňladýar. Mysal üçin *-ja,-je* goşulmasy: *Garaja, Akja, Meleje, Gulja, Baýja, Kelje* we ş.m. adam atlaryny ýasamaga gatnaşýar. Şeýle hem *-ja,-je* goşulmasy goşma atlaryň düzüminde duş gelmek bilen olar, esasan, sözüň ortasynda gelýär: *Akjagül, Aýjabibi, Keljehan, Baýjakaka, Guljagaz* we ş.m. Türkmen dilinde söz ýasaýjy goşylmalaryň ***-jyk, -jik görnüşi, esasan, atlardan bolan sözleriň yzyna goşulyp, kiçeltmegi aňladýan birnäçe şahsy atlary emele getirýär: *Agajyk, Amanjyk, Nuryjyk, Hanjyk, Şajyk, Ýoljuk, Kiçijikgül*. Şeýle hem sanlaryň yzyna goşulyp gelende, *Onjuk* ýaly atlary ýasaýar;

***-lar, -ler* goşulmasy**. Türkmen dilinde köplük sany aňladýan *-lar, -ler* goşulmasy, esasan, etnik atlardan hasyl bolan antroponimleriň düzüminde duş gelip, şahsy adyň şol etnik topara degişlidigini görkezýär: *Gullar, Begler, Hanlar, Baýlar* we ş.m. Şeýle hem adam atlarynda *-lar, -ler* goşulmasy *Aýlar, Güller, Ballar, Gyzlargül* kimin antroponimlerde-de ulanylýar.

Her bir maşgalada bäbege at dakmakdaky däp-dessurlary, olardaky meňzeşlikleri we aýratynlyklary, olaryň aňladýan manylaryny, gurluş görnüşlerini öwrenmek, diňe bir durmuş-medeni tarapdan däl, eýsem, dil biliminde nazaryýet taýdan hem uly gyzyklanma döredýär. Adam atlaryny ýasamaga gatnaşýan komponentleriň, dürli goşulmalaryň öwrenilmegi antroponimik derňewiň esasy seljeriş ýoludyr, sebäbi olar atlaryň döreýiş, üýtgeýiş ýagdaýyny we aňladýan manylaryny anyklamaga ýardam edýär.

Ata Gylyjov
(Turkmenistan)

PROPER NAMES AND WORD-FORMING AFFIXES

As it is well known, affix formation is the most common and active method of word formation in the Turkmen language. Derivative affixes in combination with the root form new words with new meanings. Both productive and non-productive endings are used to form the corresponding words of this lexical layer. In addition, although they are grammatically different from each other, they are considered to be distinctive endings in their word-forming function. For example, in Turkmen the following nominal endings can be attributed to the formation of names: ***-çy/-çi; -lyk/-lik; -ly/-li;*** -ça/-çe***; -y/-i; -ga/-ge*** and others.

The derivative affixes ***-ly, -li*** occur in personal names such as *Agöýli, Meňli, Gaýly, Ýelli* and others. Affixes ***-ja/-je, -jyk/-jik*** take part in formation personal names expressing endearment. For example: *Garaja, Akja, Baýja,* as well as *Agajyk, Amanjyk* and others. Affixes ***-lar, -ler*** occur in personal names of ethnic origin: *Gullar, Begler* and others. Affixes ***-lar, -ler*** are also involved in the formation of plurality in personal names formed from common nouns: *Aýlar, Güller* and others.

Thus, from a linguistic point of view, the study and analysis of proper names and affixes are very important, as they are an integral part of the Turkmen language.

Ата Гылыджов
(Туркменистан)

СОБСТВЕННЫЕ ИМЕНА И СЛОВООБРАЗОВАТЕЛЬНЫЕ АФФИКСЫ

Как известно, аффиксальное словообразование является самым распространенным и активным способом словообразования в туркменском языке. Словообразовательные аффиксы в сочетании с основой образуют новые слова с новым значением. Для образования соответствующих слов, относящихся к этому лексическому пласту, участвуют как продуктивные, так и непродуктивные окончания. Кроме того, различаясь между собой с грамматической стороны, они по своей словообразовательной функции, считаются различительными окончаниями. Например, в туркменском языке для образования имен относятся следующие именные окончания: ***-çy/-çi; -lyk/-lik; -ly/-li; -ça/-çe; -y/-i; -ga/-ge*** и др. В данной работе мы решили остановиться на некоторых из них.

Словообразовательные аффиксы ***-ly, -li*** встречаются в следующих личных именах: *Agöýli, Meňli, Garly, Ýelli* и т.д. Аффиксы ***-ja, -je; -jyk, -jik*** *участвуют в образовании ласкательных личных имен. Например, Garaja, Akja, Baýja,* а также, как *Agajyk, Amanjyk* и др. Аффиксы ***-lar, -ler*** встречаются в личных именах этнического происхождения: *Gullar, Begler и т.д.* Аффиксы ***-lar, -ler*** *участвуют также и в образовании множественности собственных имен, образованных от нарицательных слов: Aýlar, Güller и т.д.*

Таким образом, с точки зрения лингвистики очень важным является изучение собственных имен и словообразовательных аффиксов, так как они являются неотъемлемой частью туркменского языка.

Amanbibi Gylyjowa
(Türkmenistan)

AL-FARABINIŇ SAZ TAGLYMATY

Türkmen halkynyň bir bitewi medeniýetiniň kemala geliş pursaty tutuş Gündogaryň, aýratyn hem Merkezi Aziýanyň halklarynyň medeniýeti bilen aýrylmaz baglanşyklydyr. Irki orta asyrlardan başlap Merkezi Aziýada, şol sanda türkmenlerde-de amaly geometriýa, algebra, astranomiýa, mineralogiýa, lukmançylyk ylymlarynyň ösmegi bilen bir hatarda, saz sungatynda-da uly ösüşler bolupdyr.

Saz sungatyny ylmy esasda öwrenmeklige öz goşandyny goşan Gündogaryň meşhur alymlarynyň biri, özüniň mantyk (logika) meselelerini beýan edýän köp sanly kitaplary bilen musulman Gündogarynda şöhrat tapan al-Farabidir. Onuň döwürdeşleri ussadyň kamilligini hormatlamak bilen, oňa "Aristotelden soň ikinji mugallym" ýa-da "Gündogaryň Aristoteli" diýip atlandyrypdyrlar.

Al-Farabiniň mirasy uludyr we köptaraplaýyndyr. Gündogary öwrenji alymlar al-Farabiniň ylmyň ähli ugurlaryna degişli 160-dan gowrak eserleriniň bardygyny tassyklaýarlar. Bu beýik alymyň hemme eserleri biziň günlerimize gelip ýetmändir. Şeýle-de bolsa akyldaryň 50-den gowrak işi biziň günlerimize gelip ýetipdir.

Al-Farabiniň 70-den gowrak dili bilmegi, şol sanda hem iň gadymy dilleriň biri sanskrit dilini hem bilmegi onuň ajaýyp tebigy zehiniň hem bardygynyň subutnamasyr.

Akyldar kitaplarynda syýasat, ahlak, mantyk, astranomiýa, fizika, matematika, pelsepe we beýleki ylymlaryň meselelerini bilen bilelikde hem saz sungatynyň esaslary barada garaýyşlaryny beýan edýär.

Al-Farabi "Saz hakynda kiçi söhbet", soňra bolsa "Saz hakynda uly söhbet" diýen eserleri ýazýar. Farabi sazyň teoriýasyny bilmezden saz çalyp bolmajakdygyny, eger çalaýsaň-da ussat sazanda derejesine baryp bolmajakdygyny belläpdir.

Al-Farabi sazyň döremegini älem-jahanyň ilkinji hereketiň ýüze çykmagy bilen baglaşdyrýar. Al-Farabi aýdym-sazy ähli mahluga, hat-da keselli ynsana hem peýdaly hasaplapdyr. Akyldar saz bilen syrkawy bejermegiň esasyny goýupdyr. Farabi sazyň nazarýetini ylmy esasda düşündiripdir. Ol saza nota düzgünini girizmegi bilen nota düşünen islendik adam şol dili bilmese-de nota seredip sazy çalmagy başarýandygyny belläpdir. Munuň özi bolsa dünýä halklarynyň saz-sungatynyň ýakynlaşmagyna uly itergi berdi.

Al-Farabi sazy üç görnüşe bölýär

1. Lezzet berýän saz.
2. Höwes döredýän saz.
3. Hyýaly arzuw oýarýan saz.

"Farabinyň saz ylmy" atly kitaby Turkiýäniň Stambul şäheriniň Köpürli kitaphanasynda saklanýar.

Fransuz alymy D.Erlanz 10 ýylyň dowamynda ýazan "Araplaryň sazy" atly 6 tomluk ylmy eseriniň (1939 ý). 2 tomuny Farabiniň saz baradaky pikirini öwrenmäge bagyşlapdyr.

Al-Farabi diňe sazyň nazaryýetinden başy çykman, eýsem ökde sazanda hem bolupdyr. Rowaýata görä, bir gün akyldaryň ýoly Tähranyň üstünden düşüp, ol özüne uly hormat eden Sahyt Abu Nasyryň huzuryna salama barmak üçin sowulypdyr. Şolwagt Sahyt Abu Nasyr köşgünde toý-dabara geçirip otyr eken. Farabi gapydan giripdir. Emma ol örän sada geýnüwli bolansoň oňa hiç kim üns bermändir. Oturan emeldarlaryň biriniň Farabiniň arkasyndaky gyjaga gözi düşüpdir-de: "Adamlar

myhmanymyz sazanda ýaly, geliň munuňam ussatlygyny göreliň” diýipdir. Ine şol ýerde Al-Farabi üç sany saz çalyp, birinji sazynda oturanlary agladypdyr, ikinji sazynda bolsa ähli adamlary güldüripdir, üçünji sazynda bolsa hemme oturanlary meýmiredip ukladypdyr. Adamlar meýmiränden soň, akyldar gyjagyň ýüzüne “Ýaňky sazlary Farabi çaldy” diýip ýazgy galdyryp gidipdir. Sahyt Abu Nasyr ussady tanamandygyna ökünipdir.

Aristotelden soň dünýäniň ikinji mugallymy ady bilen tanalýan halkymyzyň akyldar ogly Abu Nasr Farabiniň her bir türkmeniň kalbynda mynasyp orny bardyr.

Amanbibi Gylyjova
(Turkmenistan)

AL-FARABI’S THEORY OF MUSIC

A great contribution to the study of the scientific foundations of musical art was made by one of the greatest scientists of the East, al-Farabi, whose numerous books on logic brought him fame in the Muslim East.

Al-Farabi wrote the book “Small Conversation about Music”, then “Big Conversation about Music”. He noted that without knowing the theory of music it is not possible to play music, even if he did, he would not achieve perfection.

Al-Farabi considered music beneficial to all beings, even the sick. The sage developed the basics of music treatment. Al-Farabi explained the theory of music on a scientific basis. By introducing notes into music, he emphasized that a person did not know the language, but knowing the notes he could reproduce the melody of any nation from the notes. This, in turn, served as an impetus for the repprochement and development of the musical art of the peoples of the world.

Аманбиби Клычова
(Туркменистан)

ТЕОРИЯ МУЗЫКИ У АЛ-ФАРАБИ

Огромный вклад в изучении научной основы музыкального искусства был сделан одним из великих ученых Востока ал-Фараби, которому многочисленные книги по вопросам логики принесли славу в мусульманском Востоке.

Ал-Фараби является автором книг “Малая беседа о музыке”, и “Большая беседа о музыке”. Он отмечал, что не зная теорию музыки, невозможно исполнять её.

Аль-Фараби разработал основы лечения музыкой. Учёный обьяснял теорию музыки на научной основе. Он, внедряя в музыку ноты, подчеркивал, что человек, не зная языка, но зная ноты, может воспроизвести по нотам мелодию любого народа. Это в свою очередь послужило толчком для сближения и развития музыкального искусства народов мира.

Halymberdi Hajyýew
(Türkmenistan)

TÜRKMENLERIŇ RUSÇA SÖZLEÝŞINDE SÖZLERI ULANMAGYŇ DEREJESINDE ÝÜZE ÇYKÝAN INTERFERENSIÝA
(işlikleriň ulanylyşynyň mysalynda)

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň, Türkmenistanyň Prezidenti Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde ylmyň beýleki ugurlary bilen bir hatarda dil ylmynyň hem ösdürilmegine aýratyn üns berilýär. Ýurdumyzda türkmen edebi diliniň leksika-syny, grammatikasyny we fonetikasyny garyndaş we garyndaş däl diller bilen degşirme esasynda derňemek esasy wezipeleriň biridir. Şu nukdaýnazardan türkmen we rus dilleriniň sözlük düzüminde ýüze çykýan aýratynlyklar ylmy taýdan degşirilip öwrenilmegine mätäçdir .

Türkmenleriň rusça sözleýşinde ene diliniň täsiri astynda rus diline mahsus bolmadyk käbir sözler we söz düzümleri ýüze çykýar. Çünki türkmen we rus dil-leriniň leksika-semantik düzümi özüniň gurluşy boýunça tapawutlanýar. Leksika-semantik derejede interferensiýanyň ýüze çykmagy atlarda, sypatlarda, işliklerde has köp gabat gelýär.

Söz toparlarynyň içinde işlik has çylşyrymly grammatik taýdan guramaçylykly, mazmuna baý, ýagny gös-göni hakykaty şöhlelendirýän häzirki zaman rus diliniň düşünjeleriniň biri hasaplanylýar. Işligiň grammatiki formalara baýlygy we köp dürlüligi, onuň köp manylylygyny häsiýetlendirýär. Işlik, atlar bilen bir hatarda, sözlem düzmegiň sintaktik özeni hasaplanýar. Işlige berilýän şu düýpli häsiýetnama, başga söz toparlarynyň sözlük birlikleri bilen deňeşdirilende, türkmenleriň rusça sözleýşinde işlikleri ulanmagyň çäklerinde kadalaryň köp sanly bozulmalarynyň sebäbini düşündirýär.

Görşümiz ýaly işliklerde kada bozulmalaryň güýçli ýüze çykmagy, olaryň ýerine ýetirýän wezipesiniň aýratynlyklary bilen şertlendirilýär. Diýmek, iki diliň leksika-semantik ulgamynyň özüne mahsus aýratynlyklary interferensiýa hadysasynyň ýüze çykmagyna sebäp bolar.

Şu ýagdaýda türkmenleriň rusça sözleýşinde leksemalary ulanmagyň derejesinde uly kynçylyklary türkmen-rus polisemiýa hadysasy döredýär.

Türkmen dilinde *goýmak işligi, dikligine we keseligine many taýdan üýtgemezden, ставить*, *класть, возложить* diýen işlikleriň ekwiwalent birligi hasaplanýar. Görşümiz ýaly, bir türkmen leksemasyna olaryň gereklisini saýlamaga kynçylyk döredýän, üç sany rus sözleri laýyk gelýär. *Поставитьб положить* işlikleri kesgitli sözler bilen utgaşýan bolsa, onda bu ýagdaý *goýmak* türkmen işligi üçin asla mahsus däldir. Bu bolsa türkmenleriň rus sözleýşinde ýalňyşlaryň ýüze çykmagyna sebäp bolup biler.

Şu ylmy makalada türkmenleriň rusça sözleýşinde obýektiň durýan ornunyň üýtgedilmegini aňladýan *поставить, положить* işlikleriniň aýratynlyklaryna seredilýär. *Поставить, положить* işlikleri rus dilinde anyk fiziki hereketi aňlatmak bilen, olaryň biriniň başgasy bilen çalşyrylmagy, sözi ulanmagyň kadalarynyň bozulmagyna getirip biler.

Rus dilinde *ставить/поставить, класть/положить* işlikleri many taýdan gurluşyna baglylykda predmetiň dik ýagdaýynda, dikligine goýmak, dikeltmek hem-de kese ýagdaýynda, keseligine goýmak böleklerini öz içine alýar.

Mysal üçin, *arka banka goýmak – ставить на спину банки*; *ýaralyny nosilkanyň üstüne goýmak – класть раненого на носилку*; *kitaplary şkafda goýmak – ставить в шкаф*; *класть книги в шкаф* we ş.m. Şeýle mysallary testlere goşup, ene dilinden rus diline terjime etmek arkaly çaklamanyň dogrudygyny ýa-da nädogrudygyny anyklamak mümkin.

Halymberdi Hajyyev
(Turkmenistan)

INTERFERENCE AT THE LEVEL OF WORD PRODUCTION IN RUSSIAN SPEECH OF TURKMENS (in the use of example of verbs)

This scientific article examines the features of the Russian verbs *put, place / – set, lay (down, on)* with the meaning of changing position of an object. In Russian, the verbs *put, place / – set, lay (down, on)* by components respectively indicate the vertical and horizontal position of an object. The meanings of these Russian verbs *put, place / – set, lay (down, on)* are explained in the Turkmen language in one word. That is why numerous lexical and semantic violations of Russian word usage associated with the use of these verbs are revealed.

Халымберды Хаджиев
(Туркменистан)

ИНТЕРФЕРЕНЦИЯ НА УРОВНЕ ПРОИЗВОДСТВА СЛОВ В РУССКОЙ РЕЧИ ТУРКМЕН (на примере употребления глаголов)

В данной научной статье рассматриваются особенности русских глаголов ставить/поставить – класть/положить со значением перемены положения объекта. В русском языке глаголы *ставить/поставить – класть/положить* по компонентам соответственно обозначают вертикальное и горизонтальное положение объекта. Значения этих русских глаголов выражаются в туркменском языке одним словом. Вот почему выявляется многочисленное лексико-семантическое нарушение русского словоупотребления, связанное с употреблением этих глаголов.

Maral Hangeldiýewa
(Türkmenistan)

MEKDEBE ÇENLI BILIM EDARALARDA DAŞARY ÝURT DILLERINI ÖWRETMEKDE WIZUALIZASIÝANYŇ ULANYLYŞY

Dil biziň pikir etmegimize we dünýä akyl ýetirmegimize uly täsir edýär. Şonuň üçin birden köp dili bilýän adamda dünýä garaýşy has-da giň bolýar. Daşary ýurt dillerini öwrenmek bolsa durmuşyny giňeltmek, baýlaşdyrmak bilen baglydyr.

Dil öwrenmek ähli sensitiw ukyplaryny öz içine alýar. Ilki bilen, sesleriň we sazyň kabul edilmegi, eşidilýän we görünýän keşpleriň sazlaşygy, ýatkeşligiň işjeňligi. Çaga dünýäni işjeň öwrenilýän döwre aralaşanda, onda eşidilen we gören zatlaryň gabat gelinmegi. Bu döwürde çagalar ýiti, düşbi bolup, ähli zatlary tiz kabul edýärler.

“Wizualizasiýa” diýmek näme? Wizualizasiýa – bu işlendik maglumatyň görkezme usulynda gözegine getirilip bilinmegi. Bu eşidilen zady aňyňdaky düşünje bilen gabat getirilmegidir. Wizualizasiýa – görlen, görkezilen, kabul edilen, ol maglumaty deň derejede kabul etmäge ýardam berýär.

Maral Hangeldiyeva
(Turkmenistan)

THE USE OF VISUALIZATION IN TEACHING FOREIGN LANGUAGES IN PRESCHOOL INSTITUTIONS

Language largely determines how we look at the world and how we perceive it. Language influences our thinking and learning process. Therefore, when a person knows more than one language, he has several pictures of the world. This is an incomparably richer life. It is necessary to study foreign languages because by penetrating another language, you penetrate into other worlds, you expand your world.

Learning a language requires the inclusion of all the sensitive capabilities of the body, first of all, musical perception of sounds, comparison of visual and auditory images, and memory activation. The child enters a period of active sensory knowledge of the world, while he has already formed ideas about self-identification. At this stage of development, children are highly receptive to new information, actively seek it, and are very inquisitive.

What is "visualization"? Visualization is a visual way of presenting any information that is better absorbed by children if they rely on a visual image. "Visualization" means "perceived visually, visually," which means that it allows you to assimilate information in the best possible way.

Марал Хангельдыева
(Туркменистан)

ВИЗУАЛИЗАЦИЯ В ОБУЧЕНИИ ИНОСТРАННЫМ ЯЗЫКАМ В ДОШКОЛЬНЫХ УЧРЕЖДЕНИЯХ

Язык в большей мере определяет то, как мы смотрим на мир и как его воспринимаем. Язык влияет на наше мышление и процесс познания. Поэтому, когда человек знает больше, чем один язык, у него есть несколько картин мира. Изучать иностранные языки нужно потому что, проникая в другой язык, вы проникаете в другие миры, вы расширяете свой кругозор.

Изучение языка требует включения всех сенситивных возможностей организма, в первую очередь, музыкального восприятия звуков, сопоставления зрительных и слуховых образов, активации памяти. Ребенок вступает в период активного чувственного познания мира, при этом у него уже сформированы представления о самоидентификации. На этом этапе развития дети высоко восприимчивы к новой информации, активно ее ищут, очень любознательны.

Что же такое "визуализация"? Визуализация – это наглядный способ представления любой информации, которая лучше усваивается детьми, если

есть опора на зрительный образ. “Визуализация” означает “воспринимаемый зрительно, наглядно”, значит, она позволяет усвоить наилучшим образом информацию.

Известно, что от 80 до 90% информации воспринимается человеком визуально, в том числе и учебная информация. Эффективность визуализации учебной информации доказана известным педагогом В.Ф. Шаталовым в опорных конспектах, обеспечивающих успешность в обучении.

Современные дети живут в визуально насыщенном мире. С ранних лет они смотрят мультфильмы, играют в игры, занимаются в развивающих приложениях на планшетах и смартфонах. Они мыслят иными категориями и воспринимают информацию через картинки, смайлики, стикеры и мемы. Поэтому заинтересовать ребёнка учить язык проще всего с помощью красочного визуала и знакомых ему ситуаций.

Как привить ребенку интерес к изучению иностранных языков?

Для создания мотивации к изучению иностранного языка педагогу важно проникнуться интересами детей. Узнать, чем они живут, в какие игры играют, какие мультфильмы смотрят, что им действительно любопытно и полезно. Дети быстро схватывают то, что им кажется важным, особенно если это весело и увлекательно. Поэтому, применяя на уроках иностранного языка в детском саду игровые методики и визуальный материал, проще всего заинтересовать детей и удержать фокус их внимания.

Неподдельный интерес к увлечениям воспитанников и игровые техники заинтересуют намного сильнее. Но, как известно, качественная игра не может быть без картинок, игрушек и соответствующего окружения. Визуальный материал разнообразит уроки иностранного языка и позволит превратить учебный процесс в увлекательную игру.

Визуализация помогает детям дошкольного возраста прочно усвоить полученную с комментариями информацию, а также запомнить ее в подробных деталях. Раннее знакомство ребенка с иностранным языком закладывает у него правильное произношение и позволяет накопить базовый лексический и словарный запас. Самый благоприятный период, чтобы начать изучение языка – дошкольный возраст.

Дети воспринимают информацию так, как она представлена визуально со всеми оттенками. Поэтому при применении способа визуализации повышается уровень знаний детей дошкольного возраста.

Эффективное использование средств визуализации помогает решить ряд педагогических задач, таких как обеспечение интенсивности обучения, активизация учебного и познавательного процесса, формирование критического и визуального мышления, усиление зрительного восприятия и образного представления знаний, повышение визуальной грамотности и визуальной культуры.

Täzegül Hapyzowa, Bägül Saparowa
(*Türkmenistan)*

HORMATLY PREZIDENTIMIZIŇ "ÄNEW – MÜŇÝYLLYKLARDAN GÖZBAŞ ALÝAN MEDENIÝET" ATLY KITABYNDA MAGTYMGULYNYŇ DÖREDIJILIGI HAKYNDA

Hormatly Prezidentimiziň "Änew – müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet" atly kitaby Magtymguly Pyragynyň döredijiligi hakynda ylym üçin ähmiýetli bolan gymmatly maglumatlary özünde jemleýär:"Dünýä içre ýene bir ajaýyp dünýä bar, oňa Magtymguly Pyragynyň dünýäsi diýilýär. Dünýä kartasyndaky ummanlardan başga, adamzat aňynda ýene bir umman bar,oňa"Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy diýilýär". Dag göwsünden gaýnap çykan jana tenekar çeşmeleriň aby-köwser suwy ýaly, jöwahyr zehinden syzylyp çykan hikmet-paýhasyň çuňluklaryny yzlaýan bu jümleler Magtymguly Pyragynyň mertebe beýikligini sungatyň nepisligi, akylyň kesginligi, şygryň owazlylygy, filosofiki akyl ýetirişiň beýik mana beslenen kämilligi bilen açyp görkezýär. Hakykatdan-da, dünýe içre ýene bir dünýä, Magtymguly Pyragynyň dünýäsi – akyl ýetirişiň, pikiriň tükeniksiz giňişlige ýaýylyp gidýän, adam ogluna mälim we mälim bolmadyk sansyz syrly dünýäsi bar. Şol syrly dünýä ylymdan gözügen, çeperçilik dünýäniň ähli gözelliklerini, nepisliklerini özüne siňdiren hormatly Prezidentimiziň "Änew – müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet" atly ajaýyp kitaby içre äleme ýaýylýar. Kitapda şahyryň döwletlilik ýörelgesiniň berk esaslary aşakdaky nusgalyk setirlerde açylýar:

Kese Arkaç, Mazanderan,
Gelerler permana, gökleň.

Ajaýyp zamanamyzda medeni gatnaşyklar arkaly dünýä halklarynyň kalplaryna ýol salynmagy oňyn ýörelgä öwrüldi. Doganlygyň, dostlugyň mizemez köprüsine öwrülen sungatyň döwrebap derejede ösdürilmegi, yklymlaryň, ýurtlaryň şeýle-de hoşmeýilli goňşuçylyk gatnaşyklarynyň ösüşine ähmiýetli täsirini ýetirýär. TÜRKSOÝ guramasy şeýle dost-doganlyklary gatnaşyklary ösdürýän, dünýäde parahatçylygyň, asudalygyň, howpsuz ýaşaýşyň üpjün edilmegine, adamzadyň bagtyýarlygynyň rowanalygyna ýardam berýän guramadyr. Magtymguly Pyragynyň şygryýet dünýäsini dünýä ýüzünde wagyz etmekde bu gurama tarapyndan ägirt uly işler amala aşyrylýar. Hormatly Prezidentimiziň kitapda Magtymguly Pyragynyň "Türkmeniň" atly meşhur şygry hakyndaky ylmy pikir ýöretmeleri magtymgulyşynaslyk ylmynda täze bir sahypany açýan beýik taglymatdyr.

Pyragynyň döredijiligi ylymlaryň dürli ugurlary tarapyndan baý maglumatlary, gymmatly pikirleri özünde jemleýär. Hormatly Prezidentimiziň nygtaýşy ýaly Magtymguly Pyragy türkmeniň ruhy medeniýetiniň nusgalyk eseri bolsa, Änew medeniýeti türkmeniň maddy medeniýetiniň nusgalyk derejesini özünde jemleýär. Şahyr hakynda, türkmeniň ruhy we maddy medeniýeti hakynda şeýle beýik pikirleri özünde jemleýän bu kitabyň dünýä ýaýylmagy türkmen halkynyň döredijilik ruhunyň, milli medeni baýlygynyň dünýä ýaýylmasydyr. Şahyryň şygyrlary halkara giňişliginde dost-doganlygy, parahatçylygy, birek-birege ynanyşmagy, döwletleriň arasyndaky syýasy, ykdysady, ynsanperwer gatnaşyklary pugtalandyrmakda bahasyna ýetip bolmajak gymmatlykdyr.

Şygryýet – serhetsiz dünýä. Onuň beýik manysy parahatçylykda, asudalykda, agzybirlikde, dost-doganlykda, abadançylykda jemlenýär. Beýik Pyragynyň nepis gözellige eýlenen şygyrlary Durdy bagşy, Ysmaýyl bagşy ýaly änewli bagşy-sazandalar tarapyndan ýörgünli ýerine ýetirilipdir. Şahyryň "Gökje kepderi" poema-goşgusyna döredilen "Kepderi" sazy bagşyçylygyň damana ýolunda has meşhur bolupdyr. Hormatly Prezidentimiziň nygtaýşy ýaly, alymlar tarapyndan Magtymguly Pyragynyň döredijiligi Änew medeniýeti bilen utgaşyklykda öwrenilmegi, türkmen ylmynyň geljekdäki wajyp meseleleriniň biri bolmagynda galýar.

Tazegul Hapyzova, Bagul Saparova
(Türkmenistan)

ABOUT THE WORK OF MAGTYMGULY PYRAGY IN THE BOOK OF THE RESPECTED PRESIDENT ENTITLED "ANEV-CULTURE FROM THE DEPTHS OF MILLENNIA"

The book of the respected President "Anev – culture from the depths of thousands of years" contains valuable and very important for science information about the ancient culture of Anev and the work of Magtymguly Pyragy. The book provides valuable information about the successful performance of Magtymguly Pyragy songs by masters of the musical art of "Anev", such as Durdy Bakhshi and Ismail Bakhshi. This valuable book by the esteemed President serves as a valuable resource for scholars in studying the work of Magtymguly Pyragy.

Тязегуль Хапызова, Бягуль Сапарова
(Türkmenistan)

О ТВОРЧЕСТВЕ МАХТУМКУЛИ ФРАГИ В КНИГЕ УВАЖАЕМОГО ПРЕЗИДЕНТА ПОД НАЗВАНИЕМ “АНАУ–КУЛЬТУРА ИЗ ГЛУБИН ТЫСЯЧИЛЕТИЙ ”

В книге Уважаемого Президента “Анау – культура из глубин тысячилетий” содержатся ценные и очень важные для науки сведения о древней культуре Анау и творчестве Махтумкули Фраги. Приведены ценные сведения об успешном исполнении песен Фраги мастерами музыкального искусства, такими как Дурды бахши и Исмаил бахши. Эта книга служит ценным ресурсом для ученых при изучении творчества Махтумкули Фраги.

Maýagözel Hommaýewa
(Türkmenistan)

AKADEMIK GURBANGULY BERDIMUHAMEDOWYŇ “TÜRKMENISTANYŇ DERMANLYK ÖSÜMLIKLERI” ATLY ENSIKLOPEDIK KITAPLARY DÜNÝÄ YLMYNDA NUSGALYK ÇEŞMEDIR

Türkmen halkynyň Milli Lideri, lukmançylyk ylymlarynyň doktory, professor akademik Gurbanguly Berdimuhamedowyň “Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri” atly köp jiltli ylmy ensiklopedik kitaplary dünýäniň lukmançylyk ylmynyň ösüşine we dünýä halklarynyň uzak ömür, sagdyn durmuş ýaşaýşyna ylmy esas berýän hem-de dünýä tejribesinde ilkinji gezek milli äheňde ýazylan düýpli eserlerdir.

“Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri” atly kitaplarda bütin adamzat jemgyýetinde sagdynlyk ýörelgelerini dogry berjaý etmeklikde dermanlyk ösümlikleriň ähmiýeti barada ýazylan gadymy grek-rim alymlary we akyldarlary Katonyň, Warronyň, Lukresiý Karyň, Owidiniň, Kolumellanyň, Witruwiniň, Wergiliniň, Klawdiý Galeniň, Korneliý Selsiň, Dioskoridiň, Pliniý Ulynyň, Feofrastyň ýazan nusgawy eserlerinden söz açylmagy kitabyň ylmy gymmatyny has-da artdyrýar.

15 jiltden ybarat bolan ensiklopedik eserlerde gadymy türkmen topragynda ýaşan meşhur alym lukmanlar Abu Aly ibn Sinanyň, Abu Reýhan Birunynyň, Seýit Ysmaýyl Gürgenliniň, Muhammet Gaýmaz Türkmeniň, Muhammet Huseýiniň nusgawy kitaplarynda duşýan hem-de Türkmenistan Watanymyzda bitýän

melhemlik ösümlikler we olar baradaky gymmatly maglumatlaryň getirilmegi bu ugurda geçirilmeli täze derňewlere giň ýol açýar.

Alym Arkadagymyzyň ensiklopedik kitaplarynda jemi 1983 sany dermanlyk ösümlikleriň ady getirilip, ösümlikleriň görnüşleri, ösýän şertleri we ýerleri, himiki düzümi, lukmançylyk tejribesinde ulanylyş taryhy, ýygnalyşynyň möhletleri hem-de usullary, olary saklamagyň hem konserwirlemegiň düzgünleri barada gymmatly maglumatlar berilýär.

"Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri" atly ensiklopedik kitaplary türkmen leksikologiýa ylmynda hem bahasyna ýetip bolmajak gymmatly ylmy iş hökmünde orun aldy. Şonuň netijesinde, türkmen leksikologiýa ylmynda täze bir ugur, ýagny dermanlyk ösümlikleri bilen bagly leksik ugur kemala geldi.

Dermanlyk ösümlikleriň atlarynyň leksika-semantik häsiýetlerini öwrenmek esasynda dermanlyk ösümlikleriň atlarynyň adalga bolup gelşini anyklamak, şeýle-de, sözleriň bir ýa-da köp manylylygyny ýa-da olaryň göçme manylarda gelşini serjermek täze ylmy maglumatlary almaga mümkinçilik döredýär.

Ensiklopedik kitaplar dermanlyk ösümlikleri bilen bagly oguz toparyna girýän häzirki zaman türk, azerbaýjan we gagauz dilleri deňeşdirip öwrenmeklikde-de täze ylmy netijeleri berer we şeýle derňewlerde Gahryman Arkadagymyzyň "Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri" atly köp jiltlik kitaplary esasy ylmy çeşme bolmagynda galýar.

Mayagozel Hommayeva
(Turkmenistan)

ENCYCLOPAEDIC WORKS OF ACADEMICIAN GURBANGULY BERDIMUHAMEDOV "MEDICINAL PLANTS OF TURKMENISTAN" – A FUNDAMENTAL SOURCE IN THE WORLD SCIENCE

Multi-volume encyclopedic books of the National Leader of the Turkmen people, Doctor of Medical Sciences, Professor and Academician Gurbanguly Berdimuhamedov "Medicinal Plants of Turkmenistan" are unique in the world practice fundamental works, which are written in the national motif and serve as a scientific basis for the development of medicine and social health care.

Establishment of etymology of taxonomic terms of medicinal plants on the basis of analysis of lexico-semantic characteristics of their names, as well as identification of monosemantics or polysemantics of words and their figurative meaning to get new scientific data.

Encyclopaedic works allow to obtain new scientific results in the comparative analysis of words in the Oghuz language group – Turkish, Azerbaijani and Gagauz language, related to medicinal plants. The main scientific source in this research is the multi-volume works of Hero-Arkadag "Medicinal Plants of Turkmenistan".

Маягозель Хоммаева
(Туркменистан)

ЭНЦИКЛОПЕДИЧЕСКИЙ ТРУД АКАДЕМИКА ГУРБАНГУЛЫ БЕРДЫМУХАМЕДОВА "ЛЕКАРСТВЕННЫЕ РАСТЕНИЯ ТУРКМЕНИСТАНА" – ФУНДАМЕНТАЛЬНЫЙ ИСТОЧНИК В МИРОВОЙ НАУКЕ

Многотомный энциклопедический труд Национального Лидера туркменского народа, доктора медицинских наук, профессора, академика Гурбангулы Бердымухамедова "Лекарственные растения Туркменистана" – уникальное в мировой практике фундаментальное исследование.

Установление этимологии таксономических терминов лекарственных растений на основе анализа лексико-семантических характеристик их наименований, а также выявление моносемантичности или полисемантичности слов и их переносного значения позволяют получить новые научные сведения.

Энциклопедические труды позволяют получить новые научные результаты при сравнительном анализе слов в огузской языковой группе – турецком, азербайджанском и гагаузском языках, связанных с лекарственными растениями. Главным научным источником в данном исследовании являются многотомный труд Героя-Аркадага "Лекарственные растения Туркменистана".

Laçyn Hudaýberdiýewa
(Türkmenistan)

TÜRKMEN DUTAR SAZLARYNDA HEŇ BÖLÜMINIŇ GÖRNÜŞLERI

Dutar sazlary türkmen halkynyň gymmatly hazynasydyr. Dutar sazlarynyň köpüsiniň döreýiş taryhy rowaýaty bar. Ol sazlar tebigata gelin-gyzlara belli bir şahsyýetlere bagyşlanylyp döredilipdir. Dutar sazlarymyz halypalarymyz Gulgeldi ussa, Amangeldi Gönübek, Şükür bagşy, Mämetmyrat ussa, Kel bagşy,

Täçmämmet Suhangulyýew, Mylly Täçmyradow, Pürli Saryýew, Çary Täçmämmedow, Jepbar Hansähedow ýaly birnäçe ussat halypalarymyz tarapyndan kämil derejelere ýetirilip, halypa-şägirtlik ýolunyň üsti bilen biziň günlerimize gelip ýetdi.

Türkmen sazynyň gurluşuny ilkinjileriň biri bolup kesgitlän XX asyryň 30-njy ýyllarynda Türkmenistanda üç gezek ekspedisiýada bolan W. A. Uspenskiý. Ol ekspedisiýanyň netijeleri boýunça W.M. Belýaýew bilen bilelikde iki tomdan ybarat bolan "Türkmen sazy" atly kitabyny ýazýarlar. W. A. Uspenskiý şol döwrüň halypalarynyň arasynda ulanylan milli adalgalaryndan peýdalanyp, dutarda ýerine ýetirilýän sazlary bölümlere bölüpdir, we olary şeýle atlandyrypdyr: *başlamak, ýapbyldak, şirwan* we çykmak. Soňra dutar sazlarynyň gurluşyna degişli meseleler türkmen alymlary O. Annanepesowyň, Z. Jumagulyýewanyň, J. Gurbanowanyň ylmy makalalarynda hem täze derejede öwrenilipdir. Mukamçy kompozitorlar Ý. Nurymow, O. Döwletnazarow, A. Çaryýew, O. Annanepesow ýaly halypalaryň maslahaty bilen dutar sazlarynyň *Boş kakuw, Heň, Ösüş, Şirwan, Çykyş* we *Soňlama* bölümleri kesgitlenildi.

Alymlaryň türkmen dutar sazlarynyň gurluşyny ýüze çykarmakda eden uly işlerinden ugur alyp, türkmen sazlarynyň gurluşy bilen bagly edilmeli işleriň entägem bardygyny we olary ýüze çykarmagy dowam etdirilmelidigini göz-öňünde tutup, işi dowam etdirmegi makul bildik.

Işimiziň esasy maksady, dutar sazlarynyň gurluşynyň esasy özeni hasaplanýan *heň* bölüminiň görnüşlerini ýüze çykarmak.

Heň sazyň gurluşynda esasy özeni bolup durýar. Sazlaryň käbirinde *Heňiň* ösüş ýeri, Şirwan, *Soňlama* bölümleri özüniň melodik we ritm taýdan ösüşini *Heň* bölüminden alyp gaýdýar. Käbir sazlaryň Şirwan bölüminde *heň* ýokarky seslerde geçirilýär. Sazlaryň soňlama bölüminde *heň* bölümi tutuşlygyna ýa-da biraz üýtgän görnüşinde gaýtalanyp bilýär.

Makalamyzda geçirilen derňewleriň netijesinde Mylly Täçmyradowyň, Pürli Saryýewiň, Çary Täçmämmedowyň, Jepbar Hansähedowyň çalan sazlarynda heň bölüminiň dürli görnüşleri ýüze çykaryldy.

Şu wagtky döwrümizde hem halypalardan miras galan türkmen halk sazlarymyzy halypa-şägirtlik ýolunyň we nota ýazuwynyň üsti bilen ýaş nesil uly höwes bilen öwrenmekligi dowam edýär.

Lachyn Hudayberdiyeva
(Turkmenistan)

TYPES OF THE THEMATIC SECTION IN TURKMEN DUTAR MUSIC

In Turkmen music, dutar works represent a compositional structure that has been formed over the centuries. This composition includes several functionally defined sections. The most important thing in the structure of the Turkmen dutar saz is the thematic section, defined by the term “Heň”.

In different dutar sazs, the location of the theme may be different. Analyzes of dutar pieces performed by Mylly Tachmyradov, Purli Saryyev, Chary Tachmammedov, Jepbar Hansahedov revealed different types of arrangement of themes: theme elements can be used in other sections. theme can be repeated in the Climax, the main theme can be repeated in the final section, themes played with yapbyldak, theme begins in the upper sounds and continues in the lower sounds, theme based on the climax, themes starting from the *Novayy perde*, themes starting with the introduction.

Лачин Худайбердыева
(Туркменистан)

РАЗНОВИДНОСТИ ТЕМАТИЧЕСКОГО РАЗДЕЛА В ТУРКМЕНСКОЙ ДУТАРНОЙ МУЗЫКЕ

В туркменской музыке дутарные произведения имеют четко сформировавшуюся в течении многих веков композиционную структуру. Эта композиция включает в себя несколько функционально определенных разделов. Самым важным в структуре туркменского дутарного саза является тематический раздел, определяемый термином “heň”. В различных дутарных сазах расположение темы может быть разным. Анализ дутарных пьес в исполнении Мыллы Тачмурадова, Пурли Сарыева, Чары Тачмаммедова, Джепбар Хансахедова выявил различные виды расположения тем: элементы темы могут быть использованы в других разделах сазов; основная тема может повторяться в кульминации, либо в заключительном разделе; тема может начинаться с низкого тесситурного уровня (япбылдак), либо начинаться в верхних звуках и продолжиться в нижнем регистре; тема может начинаться с кульминационного уровня, либо с ладка Новаи; темы, начинающиеся со вступления и т. д.

Şamyrat Hudaýkulyýew
(Türkmenistan)

BILIM EDARALARYNA OKUWA KABUL ETMEGIŇ HÄZIRKI ZAMAN USULYÝETI

Häzirki wagtda bilimi bahalandyrmagyň iki usuly bar:
– ölçege (kriteriýa) gönükdirilen barlag usuly;
– kada gönükdirilen barlag usuly.

Bilimi bahalandyrmagyň ölçege gönükdirilen barlag usuly barlaga gatnaşyjynyň haýsydyr bir ders, sapak, bölüm ýa-da tema boýunça bilim derejesini kesgitlemäge hyzmat edýär. Bu görnüşli barlag usulynyň esasynda haýsy hem bolsa bir dersiň temasynyň ýa-da bölüminiň özleşdirilişine baha berilýär. Adatça synag soragnamalary (biletler) arkaly geçirilýän synaglar bu usula degişli diýip bileris. Bu ýerde synag soragnamasyndaky soraglar ölçeg hyzmatyny ýerine ýetirýär.

Bilimi bahalandyrmagyň kada gönükdirilen barlag usuly barlaglara gatnaşyjylaryň bilim derejelerini biri-biri bilen deňeşdirmäge mümkinçilik berýär. Bu görnüşli barlag usulynyň esasy wezipesi barlaga gatnaşyjylaryň bilim derejeleriniň tapawudyny ýüze çykarmak bolup durýar. Bu usula ýokary okuw mekdeplerine giriş synaglary hökmünde geçirilýän Russiýa Federasiýasynyň Ýeketäk döwlet synagyny (ЕГЭ РФ) mysal getirmek bolar.

“Bilim hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 18-nji maddasynyň 5-nji böleginde “Raýatlaryň hünär bilimini almak üçin döwlet bilim edaralaryna kabul edilmegi olaryň arzalary boýunça bäsleşik esasynda amala aşyrylýar. Bäsleşigiň şertlerine görä raýatlaryň bilim almaga bolan hukuklarynyň we raýatlaryň arasyndan degişli hünär biliminiň maksatnamasyny özleşdirmäge has ukyply we taýýarlykly bolanlarynyň kabul edilmäge hukuklarynyň döwlet kepilliklerniň berjaý edilmegi üpjün edilmelidir” diýlip, anyk bellenen. Türkmen diliniň düşündirişli sözlüginde “bäsleşik” sözüne “ýaryş” diýlip, kesgitleme berilýär. Bäsleşige gatnaşyjylaryň has ukyplysyny kesgitlemek üçin olaryň başarnygyny ýa-da bilim derejelerini deňeşdirmek zerurlygy ýüze çykýar. Bäsleşige gatnaşyjylaryň bilim derejelerini deňeşdirmek üçin bolsa synaglar ýa-da barlaglar olaryň hersine aýratyn soragnamalar görnüşinde däl-de, eýsem ählisine deň soraglar bermek arkaly geçirilýär. Ýagny, bilim bäsleşiklerindäki synaglar bilimi bahalandyrmagyň kada gönükdirilen barlag usuly arkaly alnyp barylýar.

Dünýä ýurtlarynyň köpüsinde hünär bilimine okuwa kabul etmek bilimi bahalandyrmagyň kada gönükdirilen usulynda alnyp barylýar. Muňa Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna agza ýurtlaryň ýokary okuw mekdeplerine giriş synaglary kabul etmekde ulanylýan usulyýeti mysal getirip bileris.

Gahryman Arkadagymyz, Arkadagly Gahryman Serdarymyz öz çykyşlarynda ylmyň iň soňky gazananlarynyň hem-de okatmagyň innowasion usullarynyň bilim ulgamyna giňden ornaşdyrylýandygy, bilim ulgamyny mundan beýläk-de döwrebap ýagdaýa getirmek we onuň kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek maksady bilen elmydama zerur işleriň alnyp barylmalydygy barada nygtaýarlar.

Häzirki zaman bilim ulgamynyň gazananlaryny göz öňünde tutup, ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerine okuwa kabul etmekde geçirilýän synaglarda bilimi bahalandyrmagyň kada gönükdirilen usulynyň ulanylmagy has netijeli bolar diýip hasap edýäris.

Shamyrat Hudaykulyyev
(Turkmenistan)

MODERN METHODOLOGY OF ADMISSION TO EDUCATIONAL INSTITUTIONS

In the thesis the author emphasizes the existence of testing methods of criteria and norms for the knowledge assessment.

The testing method based on knowledge assessment criteria helps to determine the level of knowledge of the participants involved in testing process conducted on any fixed subject, lesson, section or topic.

The testing method grounded on the knowledge assessment norms helps to compare the level of knowledge of the participants involved in the testing process on the basis of comparative analysis of the obtained test results. The main purpose of this method is to identify the difference in the level of knowledge of each participant of the test on an individual basis.

Based on the practice established in the education system of the leading countries of the world, the author gives arguments in favor of using the most effective method of testing through the knowledge assessment norms at the admission exams to higher educational institutions of Turkmenistan.

Шамырат Худайкулыев
(Туркменистан)

СОВРЕМЕННАЯ МЕТОДИКА ПРИЁМА НА ОБУЧЕНИЕ В УЧЕБНЫЕ ЗАВЕДЕНИЯ

В работе автор подчёркивает наличие методов проверки посредством критериев и норм оценивания знаний.

Метод проверки посредством критериев оценивания знаний позволяет определить уровень знаний участников процесса тестирования по какому-либо фиксированному предмету, занятию, разделу или теме.

Метод проверки посредством норм оценивания знаний позволяет сравнивать уровень знаний участников процесса на основе сравнительного анализа полученных результатов. Основная цель данного метода – выявить разницу в уровне знаний каждого участника проверки по отдельности.

Исходя из практики, сложившейся в системе образования ведущих стран мира, автор приводит аргументы в пользу применения наиболее эффективного метода проверки посредством норм оценивания знаний на вступительных экзаменах при приёме на обучение в высшие учебные заведения Туркменистана.

Merjen Isaýewa
(Türkmenistan)

YLYM – AÝDYŇ GELJEKDIR

Geçmişimiz geljegimiz bilen aýrylmaz arabaglanyşyklydyr, ýagny her birimiziň doglan günümizden başlap alan terbiýämiz, sowadymyz, bilimimiz, ylymymyz, umuman, ähli öwrenen zatlarymyz biziň ertirki günümiziň aýnasydyr. Bilşimiz ýaly, durmuşda näçe öwrenseň hem az, ähli zat üýtgäp, täzelenip durýar. Biz hem, yzygiderli kämilleşýän, ösýän döwrüň talabyna laýyklykda, özümizi kämilleşdirip durmaly. Köp okamak, syýahat etmek, danalardan, halypalardan soramak, nesihat almak öwrenmegiň ýollary bolup, ylymly adamyň hem adaty ýagdaýydyr. Çuňňur pikirlenýän, kalbynda ýagşylygy we gowy gylyk-häsiýetleri özünde jemleýän ylymly adamy terbiýeläp ýetişdirmek bu günki gün esasy meseledir. Ýurduň geljegi ylym-bilimiň ösüşinde bolmak bilen, häzirki zaman şertlerinde ylym dünýä jemgyýetçiliginiň hem ösüşini kesgitleýär.

Gahryman Arkadagymyz “Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi” atly kitabynyň “Ylymyň bilimiň durmuşa ýagty saçýar” bölüminde: “Ruhy baýlyk ebedi ýaşaýar. Magtymguly akyldaryň mirasy hem şeýle baýlykdyr. Halkymyzyň hakydasynda ýaşaýan, zandyna ornan mirasydyr” diýip jaýdar belläp geçýär.

Akyldar şahyrymyz öz durmuş ýoly, ýaşaýyş endigi bilen hemme kişä görüm-görelde, nusga bolupdyr. “Ýigide müň dürli hünär hem azdyr” diýlişi ýaly, beýik ussat dürli medreselerde okap, jahankeşdelik edip, baran ýerlerinde hem, ylym bilen meşgullanypdyr, dürli dilleri bilip, zergärçilikden hem oňat baş çykarypdyr.

Magtymguly Pyragynyň milli döredijiliginde ylma bolan sylag-sarpa akyldaryň ylymlylygyndan, alymlara bolan hormatynyň beýikliginden nyşandyr. Ýagny, Berkarar döwlet arzuwlan Magtymguly Pyragy beýik, mizemez döwletiň esasynyň ylymly, bilimli halkdygyna, ynsany kämillige ýetirýän iň ygtybarly ýoluň hem ylymdan geçýändigine aýdyň göz ýetiripdir. Şahyryň:

"Aýdar Magtymguly: sözüm älemdir,

Nesihatym uly ile ylymdyr" – diýmek bilen, döredijiligindäki bahasyna ýetip bolmajak öwüt-ündewlere düşünmeklige çagyrýar. Döwletlilik, edep-terbiýe, ahlaklylyk, watansöýüjilik, agzybirlik, millilik, sowatlylyk baradaky düşünjeler beýik söz ussadynyň giň many-mazmunly şygyrlarynyň içinden eriş-argaç bolup geçýär. Şeýle nesihatlara göz ýetirýän giň gözýetimli, ylymly, bilimli, zähmetsöýer halk her döwrüň talaby, her bir döwletiň aýrylmaz bölegidir. Hut şonuň üçin hem, häzirki zaman jemgyýeti milli mirasyň ýokary mümkinçiliklerine we ony aýawly saklamagyň zerurdygyna düşünýär. Sebäbi, milli mirasymyzyň deňi-taýy ýokdur, ol milletiň özboluşlylygyny we ruhy dünýäsini kesgitleýän gymmatlykdyr.

Umuman aýdanymyzda, ylym-bilim adama durmuş yolunda üstünlik, abraý sylag-hormat getirýän gymmatlykdyr. Biziň şöhratly geçmişimizdir, bagtyýar şu günümizdir hem-de nurana geljegimizdir. Öçmejek yz galdyran akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň öwüt-ündewe ýugrulan şygyrlary Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe özüniň gymmatyny ýitirmän, täzeden şöhlelenýär. Akyldar şahyryň ýagşy gylyk-häsiýetleri wasp edýän many doly goşgulary halkymyzyň içinde paýhasly nakyllara öwrülip, barha ganatlanýar, täze derejelere eýe bolýar. Milli Liderimiziň "Iň gymmatly miras terbiýe, terbiýäniň özeni bolsa ylym-bilimdir", "Ylym-bilim ýaş nesilleriň terbiýesiniň ünsden düşürilmeýän ugrudyr" diýen ajaýyp setirlerinden ugur alyp, biziň ýaşlarymyz özlerini Garaşsyz Watanymyza, il-günümize wepaly, maksadaokgunly, ýokary ahlakly, ylymly, eli hünärli nesiller hökmünde tanadyp, halkymyzyň abraý-mertebesini has-da belende götermelidirler.

Ýurdumyzda bilim ulgamynda alnyp barylýan işleri üstünlikli durmuşa geçirmekde, berilýän bilimiň hilini dünýä derejesine laýyklykda ýola goýmakda, döwrebap okuw kitaplaryny we gollanmalaryny neşir etmek, iň täze tehnologiýalary, okuw-tehniki enjamlaryny ylym-bilim ulgamlaryna ornaşdyrmak boýunça netijeli işler geçirilýär. Ýaşlaryň täze tehnologiýalary, täzeçillikleri gündelik durmuşa ornaşdyrmakda işjeňlik bilen tapawutlanmagy, bilmäge, öwrenmäge we döretmäge gyzyklanmalarynyň artmagy bolsa, döwrebap ösüşi alamatlandyrýar.

Merjen Isayeva
(Turkmenistan)

SCIENCE IS A BRIGHT FUTURE

Our past is tied to our future, and everything we learn from birth – childhood, education, information – can reflect the long journey of each of us. Everything you learn is just a small thing, but everything is changeable and fixed. We must also progress and adapt to changing times.

Based on the National Leader's wonderful outline: "The most valuable heritage is upbringing, the kernel of upbringing is science and education", "Knowledge is a sphere that requires the attention of younger generation", our youth realize that they are a dedicated, conscious, highly moral, logical and capable generation of our independent Motherland and people, aiming to further enhance dignity of our people.

Мерджен Исаева
(Туркменистан)

НАУКА – СВЕТЛОЕ БУДУЩЕЕ

Наше прошлое предопределяет путь к будущему, наше воспитание, образование, знание, все чему учили с рождения является зеркалом будущего каждого из нас. Как мы знаем, в жизни, сколько ни учись, все меняется и обновляется, поэтому нам необходимо совершенствоваться в соответствии развивающимся временем.

Основываясь на замечательных строках нашего Национального Лидера: "Самое ценное наследие – это воспитание, а стержнем воспитания являются образование и наука", "В деле воспитания подростающего поколения в центре внимания постоянно находится сфера образования и науки, и наша молодежь должна осознать себя преданным, целеустремленным, высокоморальным, научным и умелым поколением нашей независимой Родины и еще больше поднять достоинство нашего народа".

Aýgözel Işadowa
(Türkmenistan)

KAÝUM TAŇRYGULYÝEWIŇ DÖREDIJILIGINDE NESIL TERBIÝESINIŇ ÇEPER BEÝANY

Garaşsyzlyk döwründe türkmen edebiýaty, şol sanda çagalar edebiýaty hem temasy, ideýasy, milli mazmuny, çeper keşpleri babatda baýlaşdy we ösüş ýoluna düşdi. Çeper edebiýat çagalaryň ukyp-başarnyklarynyň, düşünjesiniň artmagyna dünýägaraýyşynyň baýlaşmagyna, kämilleşmegine täsirini ýetirýär. Ýaş nesiller üçin kitaplar – adamzadyň jemgyýetçilik ösüşindäki iň bir gymmatly ruhy baýlygydyr. Çagalar edebiýaty umumy edebiýat bilen tebigy taýdan baglanyşykly bolsa-da, ol özboluşly häsiýete, mazmuna, gurluşa eýedir.Çagalar edebiýaty şahsyýeti kemala getirmekde özboluşly terbiýeçilik serişdesi hasaplanýar. Çagalara üçin ýazylýan kitaplarda terbiýe ilkinji orunda goýulmalydyr, çagalaryň pikirlenişini, dünýägaraýyşyny, şahsy ukyp-başarnyklaryny ösdürmelidir. Şahsyýetiň sazlaşykly ösüşini ileri tutmalydyr. Nesil terbiýesinde çagalaryň ýaş aýratynlyklaryny, beden we ruhy taýdan ösüşini, ahlak, watançylyk duýgusynyň kemala gelmegini göz öňünde tutmak zerur.

Terbiýe – bu örän uly hem jogapkärli iş bolup, onuň esasynda adamyň ykbaly çözülýär. Şonuň üçin hem ata-babalarymyz ähli döwürlerde nesil terbiýesine aýratyn üns berip gelipdirler. Türkmen nakyllarynda, atalar sözlerinde, ertekilerde, ýazyjy-şahyrlaryň döredijiliginde terbiýe aýratyn orun eýeleýär. “Çaga eziz, edebi ondanam eziz”, “Öý ýaraşygy çaga, supra ýaraşygy – myhman” diýen nakyllar nesilden-nesile geçip gelipdir. Çagalarda edep-ekramlylygy, rehimliligi, mähribanlygy, ene-atasyna, il-gününe, Watana, türkmen tebigatynyň gözelliklere söýgüni döretmekde edebi eserleriň terbiýeçilik ähmiýeti çäksizdir. Çagalarda estetiki duýgyny hem kämilleşdirmek derwaýys, çünki estetiki duýgusy bolmadyk adamyň adamkärçilik taýdan kämil däldir. Çagalar üçin kitaplar ýokary çeperçilikli, estetiki, ahlak-ruhy terbiýäniň gözbaşy bolmalydyr.

Türkmen halk döredijiliginden, nusgawy edebiýatymyzdan, Magtymguly Pyragynyň köpgyraňly döredijilik dünýäsinden gözbaş alýan çagalar edebiýaty Garaşsyzlyk döwründe özboluşly ösüş ýoluna gadam basdy. Çagalar edebiýatyny ideýa-tematika, çeperçilik babatda baýlaşdyrmaga ussat şahyr K.Taňrygulyýew önjeýli goşant goşdy. K.Taňrygulyýew türkmen halk döredijiliginden, Magtymguly Pyragynyň edebi mirasyndan, çagalygyndan başdan geçiren we durmuşda şaýat bolan wakalaryndan täsirlenip, çagalar üçin ajaýyp goşgular döredipdir. Ol “Men

çagalar şahyry” atly goşgusynda eneleriň hüwdüsinden, ertekilerden, matallardan ylham alandygyny buýsançly beýan edýär. Şahyryň “Pilmahmyt”, “Keşt edeliň ülkämize”, “Goşa derek”, “Altyn okara”, “Ýartygulagyň, Şyrdagyň, Pilmahmydyň syýahatlary”, “Süýji bolýar ekip iýseň” ýaly kitaplary körpeleriň dünýägaraýyşyny baýlaşdyrmakda, olarda bilime höwes döretmekde, milli gymmatlyklara, tebigat baýlyklaryna, haýwanat we ösümlik dünýäsine, zähmete söýgi döretmekde gymmatlydyr. K.Taňrygulyýew “Nan bilen Han” atly hekaýat görnüşindäki goşgusynda çaga terbiýesi barada söz açyp, ýaltalygy ýazgaryp, zähmetsöýerligi ündeýär. Hekaýat görnüşindäki bu goşgynyň üsti bilen çagalarda adamkärçilik, zähmetsöýerlik ýaly häsiýetler ündelýär. Ýaş nesli zähmetsöýerlige, adamkärçilige, ynsanperwerlige çagyrýan, durmuş ýoluna şamçyrag ýaly nur saçýan şahyrana eserleriň ençemesini döreden, çagalaryň durmuş baradaky düşünjesiniň, milli häsiýetiniň kemala gelmegine, ata Watana, ene topraga, päk zähmete, ylym-bilime söýgüsiniň ösmegine, agzybirlik, mertlik, batyrlyk, dogruçyllyk, adamkärçilik ýaly asylly häsiýetleriniň kämilleşmegine düýpli täsirini ýetiren K.Taňrygulyýewiň döredijiligi möhüm ähmiýete eýedir.

Aygozel Ishadova
(Turkmenistan)

ARTISTIC DEPICTION OF THE EDUCATION OF YOUNGER GENERATIONS IN THE WORKS OF KAYUM TANRYGULYYEV

During the period of Independence, Turkmen literature, including children’s literature, became richer in ideological, thematic, artistic images and began to develop. Fiction influences the growth of children’s abilities, enrichment and improvement of their worldview. Education occupies a special place in Turkmen proverbs, proverbs, and works of writers and poets. The poet K.Tanrygulyyev made a great contribution to the artistic development of children’s literature. K.Tanrygulyyev, under the influence of Turkmen folklore and the literary heritage of Magtymguly Pyragy, created wonderful poems for children.

The poet’s books are valuable because they enrich the worldview of children, instill new ideas in the consciousness of the younger generation, instill in them a passion for education, instill in them a love for the Motherland, national values, nature, flora and fauna, and work.

Айгозель Ишадова
(Туркменистан)

ХУДОЖЕСТВЕННОЕ ИЗОБРАЖЕНИЕ ПРОЦЕССА ВОСПИТАНИЯ МОЛОДЫХ ПОКОЛЕНИЙ В ТВОРЧЕСТВЕ КАЮМА ТАНГРЫГУЛЫЕВА

В период Независимости туркменская литература, в том числе детская литература, стала богачев, идейно-тематическом, художественном смыслах. Художественная литература влияет на рост способностей детей, обогащение и совершенствование их мировоззрения. Образование занимает особое место в туркменском фольклоре, произведениях писателей и поэтов. Поэт К. Танрыгулыев внес большой вклад в художественное развитие национальной детской литературы. Талантливый поэт под влиянием туркменского фольклора, литературного наследия Махтумкули создал прекрасные стихи для детей.

Книги поэта ценны тем, что расширяют мировоззрение детей, обогащают новыми идеями сознание молодого поколения, пробуждают желание к образованию, прививают любовь к Родине, национальным ценностям, природе, животному, растительному миру и труду.

Rejep Jommyýew
(Türkmenistan)

KELIF GALANY ARHEOLOGIK TAÝDAN ÖWRENMEGIŇ WAJYPLYGY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe “Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy” ýylynda, Gahryman Arkadagly Serdarymyzyň baştutanlygynda, köp müňýyllyklara utgaşyp gidýän taryhymyzyň naýbaşy gymmatlyklaryny özünde jemleýän taryhy ýadygärliklerimizi, düýpli öwrenmek, olary gelejekki nesillerimize ýetirmek boýunça döwlet derejesinde uly işler amala aşyrylýar. Munuň aýdyň subutnamasy hökmünde hem Türki milletleriň halkara guramasy TÜRKSOÝ tarapyndan gadymy Änew şäheriniň 2024-nji ýylda “Türki halklaryň medeni paýtagty” diýlip atlandyrylmagy hem sözüň doly manysynda taryhy wakadyr.

Hormatly Prezidentimiz tarapyndan 2022-nji ýylda “Milli taryhy-medeni mirasyň obýektlerini aýap saklamagyň, goramagyň, öwrenmegiň hem-de olara syýahatçylary çekmegiň 2022–2028-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy” kabul edildi. Şu maksatnamadan gelip çykýan wezipeleri üstünlkili amala aşyrmak üçin

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Taryh we arheologiýa inistitutynyň alymlary tarapyndan gazuw-barlag işleri alnyp barylýar.

Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň döredip berýän giň mümkinçiliklerinden peýdalanyp, inistitutymyzyň alymlary döwlet maksatnamalaýyn alnyp barylmaly işlerden daşary hem içerki meýilnamalaýyn we alymlyk derejeleri almak bilen bagly bolan ýadygärliklerde gazuw-barlag işlerini alyp barýarlar. Şeýle uly göwrümli alnyp barylýan işleriň hatarynda Amyderýanyň orta akymlaryndaky ýadygärlikleri öwrenmek we halkara derejesine çykarmak hem häzirki döwürde aýratyn ähmiýete eýe bolup durýar.

Kelif gala-ýurdumyzyň bu taryhy-medeni ýadygärligi Lebap welaýatynyň Köýtendag etrabynda ýerleşýän öwrenilmäge mynasyp ýadygärlikleriň biridir. Ýadygärlik Amyderýanyň kenaryna has ýakyn ýerleşendigi sebäpli, onuň käbir ýerlerine we böleklerine derýanyň suwy azda-kände zeper ýetiripdir diýäýmeseň köp bölegi biziň günlerimize çenli saklanyp galypdyr.

Gahryman Arkadagymyz ýadygärligiň gadymylygy barada şeýle belläp geçýär: “Kelif şäherçesi barada ýazan orta asyr alymlarynyň köpüsi Amyderýadan geçmek üçin amatly güzer bolandygy sebäpli, b.e.ö. IV asyrda Aleksandr Makedonskiýniň Baktriýadan Sogdiana ýöriş edende şu güzerden geçendigini belleýärler”.

B.e. I–III asyrlarynda ýaşaýyş diýseň ýokary derejä göterilip, özüniň öňki çäginden hem ulalypdyr. Şol döwürde ýadygärligiň daş-töwereginde goranyş diwarlary, jemgyýetçilik jaýlary we başga-da birnäçe ymaratlar bilen bir hatarda dini ähmiýetli hem binalar salnypdyr. Diýmek, şäher şol döwürde has-da güýçlenip, öz zamanynyň ösen şäherleriniň birine öwrülipdir.

Kelif gala-Parfiýa şa döwletiniň gündogar serhedini öwrenmekde, onuň şol sebitdäki beýleki taýpalar, döwletler bilen aragatnaşygyny, söwda we medeni baglanyşyklaryny öwrenmekde wajyp bolan ýadygärlikleriň biridir.

Rejep Jommiev
(Turkmenistan)

IMPORTANCE OF STUDYING OF THE KELIF CASTLE ARCHEOLOGICALLY

Today, among the many finds found in the Kelif Castle monument, the remains of well-polished vessels, which are not found in any of the ancient cities that emerged in the territory adjacent to the Amy Derya River, testify that there was life here in ancient times. Besides, fragments of stone slabs and metals can also be found in the mentioned historical monument.

According to archeologists, in the I–III centuries AD, life on the territory of the fortress was raised to a very high level, including the expansion of the territory of its lands. At that time, buildings of religious importance were built around the historical monument, along with defensive walls, public houses and a number of other structures.

Реджеп Джоммыев
(Туркменистан)

ВАЖНОСТЬ ИЗУЧЕНИЯ АРХИТЕКТУРЫ КЕЛИФА

Сегодня среди множества находок, найденных в памятнике Келифского городиша, остатки хорошо отполированных сосудов, которых нет ни в одном из городов, возникших на территории прилежащей к Амударье, свидетельствуют о существовании здесь жизни в древности. Кроме того, на указанном историческом памятнике также можно найти фрагменты каменных плит и металлических изделий.

По мнению археологов, в I–III веках нашей эры культурная жизнь на территории крепости была чрезвычайно активной, включая расширение территории её земель. В то время вокруг исторического памятника, наряду с оборонительными стенами, общественными домами и рядом жилых построек, были построены здания религиозного на значения.

Ruslan Jumaýew
(Türkmenistan)

TÜRKMENISTANYŇ HALKARA MALIÝE GURAMALARY BILEN KÖPTARAPLAÝYN HYZMATDAŞLYGYNYŇ UGURLARY

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan dünýä döwletleri we abraýly halkara düzümleri bilen köp ugurly ykdysady hyzmatdaşlygy alyp barýar. Şeýle hyzmatdaşlygyň esasy ugurlarynyň biri hökmünde halkara maliýe guramalary bilen gatnaşyklary görkezmek bolar. “Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda” şeýle bellenilýär: “Türkmenistan maliýe we söwda ulgamlarynda halkara hyzmatdaşlygyna doly derejede goşulmaga tarap strategik ugur alyp, dünýäniň ýöriteleşdirilen iri düzümleri bolan Halkara pul gaznasy, Bütindünýä banky, BSG, sebit maliýe institutlary bilen hyzmatdaşlygy has-da işjeňleşdirýär”. Şunuň

bilen baglylykda, ýurdumyzyň halkara maliýe guramalary bilen hyzmatdaşlygy döwletimiziň ykdysady syýasatynyň bir ugry bolup durýar. Munuň özi ýurdumyzyň kuwwatyny halklaryň ösüşiniň bähbidine gönükdirmäge hem-de sebitde we dünýäde durnukly ösüşi üpjün etmäge, uly möçberli, uzakmöhletleýin maýa goýum taslamalaryny üstünlikli amala aşyrmaga ähli amatlyklary üpjün edýär. Bu ugurda Bitarap Türkmenistan Halkara pul gaznasy, Aziýanyň ösüş banky, Yslam ösüş banky we Ýewropanyň täzeleniş we ösüş banky bilen işjeň köpugurly hyzmatdaşlygynyň gerimini yzygiderli giňeldýär.

Halkara maliýe guramalarynyň arasynda Halkara pul gaznasy (HPG) aýratyn orun eýeleýär. Türkmenistan 1992-nji ýylda HPG-nyň agzalygyna kabul edildi we häzirki wagtda köpugurly işjeň hyzmatdaşlygy alyp barýar. HPG ýurdumyzyň makroykdysady we maliýe ýagdaýa baha berýär, ykdysady özgertmeleri amala aşyrmaga goldaw hökmünde tehniki ýardam berýär hem-de halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek boýunça çäreleri işläp taýýarlamaga gatnaşýar.

1994-nji ýyldan bäri ýurdumyz Yslam Ösüş Banky bilen netijeli hyzmatdaşlygynyň dowamynda Türkmenistanda Bank tarapyndan umumy bahasy 1,2 mlrd. ABŞ dollaryna barabar bolan 30 taslama maliýeleşdirildi. Bu taslamalar Türkmenistanyň durnukly durmuş-ykdysady ösüşi üçin möhüm ähmiýete eýe bolup, lukmançylyk we saglygy goraýyş, suw hojalygy, demir we deňiz ýollary, telekommunikasiýa, tebigy gazy ibermek infrastrukturasy ýaly pudaklara degişlidir.

Türkmenistan 2000-nji ýyldan bäri AÖB-niň agzasy bolup durýar. Geçen döwrüň içinde ýola goýlan netijeli maýa goýum gatnaşyklarynyň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda ýangyç-energetika pudagy hem-de energiýa serişdelerini ugratmagyň eksport ugurlaryny ösdürmek, üstaşyr ulag düzümini döretmek, kiçi we orta telekeçiligi ösdürmäge ýardam etmek ýaly ugurlar bar. Aziýanyň Ösüş banky TOPH taslamasynda esasy hyzmatdaşlaryň biri bolmak bilen, onuň durmuşa geçirilmegine işjeň gatnaşýar. 2018-nji ýylyň noýabr aýynda Türkmenistanyň energiýa ulgamyny döwrebaplaşdyrmak boýunça taslamany maliýeleşdirmek üçin Aziýanyň ösüş banky bilen umumy bahasy ABŞ-nyň 500 million dollary bolan ylalaşyga gol çekilmegi ýurdumyzyň energiýa serişdeleriniň dünýä bazarlaryna iberilýän eksport ugurlarynyň giňeldilmegine gönükdirildi. Aziýanyň ösüş banky bilen hyzmatdaşlygyň çäklerinde Türkmenistana çekilen maýa goýumlarynyň we amala aşyrylýan tehniki kömekleriň möçberi 633 million ABŞ dollaryna barabar boldy.

Türkmenistanda amala aşyrylýan maýa goýum maksatnamalaryna we taslamalaryna Ýewropanyň täzeleniş we ösüş banky işjeň gatnaşýar. Bu bankyň gatnaşmagynda azyk senagaty, hyzmatlar ulgamy, gurluşyk we dokma senagaty, ulag hem-de kiçi we orta telekeçiligi goldamak ulgamlarynda ýurdumyza 308 mln. ýewro barabar möçberdäki taslamalaryň 88-ine maýa goýum çekildi. Şol sanda häzirki wagtda karz bukjada 53 mln. ýewro barabar möçberinde 37 sany taslama bar.

Mundan başga-da, Saud Ösüş gaznasy, Abu-Dabiniň Ösüş gaznasy, Halkara hyzmatdaşlyk üçin Ýapon banky we beýleki maliýe edaralary bilen hyzmatdaşlygyň esasynda olaryň ýurdumyzyň maýa goýum taslamalaryna gatnaşmaklary üpjün edilýär. Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda döwletimiz halkara ulgamyna gatnaşygyny has-da güýçlendirip, Halkara pul gaznasy, Bütindünýä banky, Ýewropanyň täzeleniş we ösüş banky, Aziýa ösüş banky, Yslam ösüş banky we beýleki halkara maliýe we ykdysady guramalar bilen hyzmatdaşlygy has-da işjeňleşdiriljekdigi aýratyn bellenilýär.

Umuman, Bitarap Türkmenistanyň köptaraplaýyn diplomatiýasynda halkara maliýe guramalary bilen hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine möhüm ähmiýet berilýär. Bu işler diňe bir döwletimizi ykdysady ösüşiň täze belentliklerine atarman, eýsem sebitde hem dünýäde abadançylygyň we durnukly ösüşiň berkarar bolmagyna mynasyp goşant goşýar.

Ruslan Jumayev
(Turkmenistan)

DIRECTIONS OF MULTILATERAL COOPERATION OF TURKMENISTAN WITH INTERNATIONAL FINANCIAL INSTITUTIONS

Independent, Permanent Neutral Turkmenistan carries out multilateral economic cooperation with countries of the world and authoritative international organizations. One of the main areas of such cooperation is relations with international financial organizations.

The Presidential Program for the Social and Economic Development of Turkmenistan for 2022–2028 notes that Turkmenistan is intensifying cooperation with the world's largest specialized organizations, the International Monetary Fund, the World Bank, the World Trade Organization and Regional Financial Institutions. This provides every opportunity to direct the country's potential for the benefit of the development of peoples, ensure sustainable development of the region, and successfully implement large-scale, long-term investment projects.

In this regard, cooperation in such areas as the fuel and energy complex, healthcare, water management, transport and communications, promoting the development of small and medium-sized businesses will not only take our country to new heights of economic progress, but will also make a worthy contribution to the well-being and sustainable development in the region and the world.

Руслан Джумаев
(Туркменистан)

НАПРАВЛЕНИЯ МНОГОСТОРОННЕГО СОТРУДНИЧЕСТВА ТУРКМЕНИСТАНА С МЕЖДУНАРОДНЫМИ ФИНАНСОВЫМИ ОРГАНИЗАЦИЯМИ

Независимый, постоянно Нейтральный Туркменистан осуществляет многостороннее экономическое сотрудничество со странами мира и авторитетными международными финансовыми организациями. Одним из основных направлений такого сотрудничества являются отношения с международными финансовыми организациями.

В Президентской Программе социально-экономического развития Туркменистана на 2022–2028 годы отмечается, что Туркменистан активизирует сотрудничество с крупнейшими всемирными специализированными организациями, Международным валютным фондом, Всемирным банком, Всемирной торговой организацией и региональными финансовыми институтами. Это дает возможности направить потенциал страны на благо развития народов, обеспечить устойчивое развитие региона, успешно реализовать масштабные, долгосрочные инвестиционные проекты.

В этой связи сотрудничество в таких сферах как ТЭК, здравоохранение, водное хозяйство, транспорт и связь, содействие развитию малого и среднего бизнеса не только выведет нашу страну на новые высоты экономического прогресса, но и внесет достойный вклад в благополучие и устойчивое развитие в регионе и мире.

Akbegenç Kadyrowa
(Türkmenistan)

ARKADAG ŞÄHERI – GELJEGIŇ ŞUGLASY

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistan döwletimiz täze pudaklary döretmek, senagatda we durmuş-medeni ulgamda özboluşly desgalaryň birnäçesini gurmak bilen, öz ykdysadyýetini üstünlikli ösdürýär.

Geçen ýylyň 29-njy iýunynda ýurdumyzda möhüm taryhy wakalarynyň biri bolan täze, döwlet ähmiýetli Arkadag şäheriniň açylyşy mynasybetli giň gerimli çäreler geçirildi. Täze şäher Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanan we hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda yzygiderli amala aşyrylýan ägirt uly özgertmeleriň netijesidir.

Milli we daşary ýurt köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň habarlarynda bellenilişi ýaly, türkmenleriň ata-babalarynyň şöhratly taryhynyň gözbaş alýan gadymy topragynda durmuş ulgamyna öňdebaryjy sanly, maglumat-kommunikasiýa we "ýaşyl" tehnologiýalar ornaşdyrylan "akylly" şäher kemala geldi. Bu ýerde milli şäher gurluşygynyň iň gowy däpleri binagärligiň hem-de dizaýnyň häzirki zaman meýilleri bilen sazlaşykly utgaşýar. Ähli babatda, şol sanda tebigata aýawly çemeleşmekde halkara ölçeglere laýyk gelýän degişli düzümler ýaşaýjylar üçin amatly we oňaýly şertleri üpjün edýär. Bu ýerde möhüm ekologik talaplara aýratyn üns berlipdir.

Desgalaryň gurluşygynda ekologik taýdan arassa serişdeler peýdalanyldy. Bu aýdylanlara Arkadag şäherine "Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň sebitinde durnukly, "ýaşyl", howa üçin oňaýly we innowasion çözgütli şäherleri ösdürmek" taslamasyna goşulandygy baradaky güwänamanyň gowşurylmagy hem şaýatlyk edýär.

Arkadag şäheri dünýäniň iň täze we geljegi uly şähergurluşyk hem-de inženerçilik-tehniki çözgütlerini, Gahryman Arkadagymyz tarapyndan öňe sürlen ägirt uly gurluşyk taslamasynyň durmuşa geçirilmegini, ýurdumyzyň hemmetaraplaýyn innowasion ösüşine, ykdysady mümkinçiliklerini artdyrmaga, halkyň ýaşaýyş derejesini we hilini ýokarlandyrmaga gönükdirilen döwlet syýasatynyň üstünliklerini özünde jemleýär.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedow täze şäheriň düýbi tutulan pursadyndan başlap, bu ýerde alnyp barylýan giň möçberli işleri hemişe üns merkezinde saklady.

Ägirt uly taslama iki tapgyrda durmuşa geçirilýär. Gurluşygy tamamlanan birinji tapgyryň çäklerinde durmuş-medeni we beýleki maksatly desgalaryň

336-sy ulanmaga berildi. 16-njy iýunda hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda täze şäheriň ikinji tapgyrynyň düýbüni tutmak dabarasy geçirildi.

Şonda şäheriň edara-kärhanalary we guramalary üçin dürli görnüşli awtoulag serişdeleri, şol sanda elektroulaglar sowgat berildi. Şäheriň ýol-ulag düzüminde ekologik taýdan arassa jemgyýetçilik ulaglary – elektrobuslar we elektrotaksiler hereket eder.

Arkadag şäheri halkyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmagyň ýolunda möhüm ädime öwrüldi. Halkara ölçeglere laýyk gelýän ýol-ulag düzümi dünýä bileleşiginde uly gyzyklanma döretdi.

Arkadag şäheriniň ýokary derejede guralan açylyş dabaralarynyň hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ösüşiň we abadançylygyň täze belentliklerine tarap okgunly öňe barýan Türkmenistanyň şöhratly taryhyna ýene bir aýdyň sahypany ýazandygyny ynamly aýtmak bolar.

Şeýlelikde, Mähriban Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiziň başyny başlan ykdysady özgertmeleri netijesinde ýurdumyzda, ýokary tehnologiýalara esaslanýan täze Arkadag şäheriniň açylmagy halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş sertlerini gowulandyrmaga we ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny pugtalandyrmaga gönükdirilen özgertmelere şaýatlyk edýär.

Akbegench Kadyrova
(Turkmenistan)

CITY OF ARKADAG – LIGHT OF THE FUTURE

As noted in domestic and foreign media reports, a "smart" city has been created on the ancient Turkmen land, in which advanced digital, information and communication and "green" technologies are integrated into the life system. Here, the best traditions of national urban planning are harmoniously combined with modern trends in architecture and design. All Arkadag facilities, which meet international standards in all respects, including environmental friendliness, provide comfortable and convenient living conditions for city residents.

Акбегенч Кадырова
(Туркменистан)

ГОРОД АРКАДАГ – СВЕТ БУДУЩЕГО

Как отмечается в сообщениях отечественных и зарубежных СМИ, на древней туркменской земле создан "умный" город, в систему жизни которого интегрированы передовые цифровые, информационно-коммуникационные и "зеленые" технологии. Здесь лучшие традиции национального градостроительства гармонично сочетаются с современными тенденциями в архитектуре и дизайне. Все объекты города Аркадаг, соответствующие мировым стандартам по всем параметрам, в том числе экологичности, обеспечивают комфортные и удобные условия для жизни для горожан.

Şirin Kullyýewa, Perman Hojagulyýew
(Türkmenistan)

BIOLUKMANÇYLYK ELEKTRONIKASY TAÝÝARLYGY BOÝUNÇA HÜNÄRMENLERI TAÝÝARLAMAKDA, OLARDA INŽENERÇILIK PIKIRLENME BAŞARNYKLARYNY ÝOKARLANDYRMAK

Häzirki wagtda durmuşy tehnologiýasyz göz öňüne getirmek mümkin däl, olar gündelik durmuşymyza berk ornaşdy, lukmançylykda hem ýokary tehnologiýalar giňden ulanylýar. Lukmançylykda bu ýokary tehnologiýalardan baş alyp çykýan ökde inženerler zerur bolup durýar. Ýokary taýýarlykly inženerleri taýýarlamakda mugallymlaryň öňünde, talyplara berilýän bilimleriň inženerçilik pikirlenme başarnyklaryny ýokarlandyrmaga ugrukdyrylan bolmagyny üpjün etmek zerur bolup durýar.

Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetinde inženerçilik pikirlenme başarnyklaryny ösdürmek üçin, Biolukmançylyk elektronikasy taýýarlygy ugrunda okaýan talyplaryň önümçilik bilen ýakyndan iş salyşmagyny gazanmak üçin ýörite taýýarlanylan meýilnamalar hereket edýär.

Okuw sapaklarynda we ylmy önümçilik merkezlerinde gazanylan bilimler we başarnyklar talyplaryň ýyllyk we diplom işlerini işläp taýýarlamakda ulanylýar. Gazanylan ukyplar we başarnyklar talyplaryň dogry we anyk soraglary goýmaga we dogry we takyk çözgütler kabul etmegine kömek edýär.

Shirin Kullyyeva, Perman Hojagulyyev
(Turkmenistan)

DEVELOPMENT OF "ENGINEERING THINKING" FOR THE TRAINING OF BIOMEDICAL ELECTRONICS SPECIALISTS

Technology is now an integral part of our daily lives, and high technology is also widely used in medicine. There is a need for qualified engineers who can work with these High technologies in medicine. When training highly qualified engineers, it is extremely important for teachers to ensure that the education provided to students is aimed at developing engineering thinking skills.

At the Oguz Han Engineering and Technology University of Turkmenistan, the development of engineering thinking skills is carried out through specially designed programmes for students studying Biomedical electronics, in close cooperation with industry.

The knowledge and skills acquired during study trips and visits to research and scientific innoovation centers are used by students when writing annual and final diploma theses'. The acquired skills and abilities help students to ask the right and specific questions and to make the right and accurate decisions.

Ширин Куллыева, Перман Ходжагулыев
(Туркменистан)

ФОРМИРОВАНИЕ "ИНЖЕНЕРНОГО МЫШЛЕНИЯ" ДЛЯ ПОДГОТОВКИ СПЕЦИАЛИСТОВ В ОБЛАСТИ БИОМЕДИЦИНСКОЙ ЭЛЕКТРОНИКИ

В настоящее время человечество просто нельзя представить без технологий, они буквально окружают нас везде, не исключением является и медицинская структура, которая просто не сможет функционировать без техники и технологий. В 60–80 годах прошлого века в результате научно-технической революции медицинская наука начала развиваться семимильными шагами, многие отрасли которой получили важное достойное место в эшелоне медицинской диагностики как важных и более информативных методов исследования. Выстроить всю картину патогенеза заболевания, динамики лечения и реабилитации стало возможно с функционированием одной общей отрасли – биомедицинская электроника.

Важным аспектом функционирования данной отрасли является создание и обслуживание инструментальных средств для профилактики и диагностики, лечения заболеваний, реабилитации, проведения разнообразных манипуляций и медицинских процедур, медицинских исследований, замены или модификации частей тканей, органов и организма человека, восстановления и компенсация утраченных функций, разработки программного обеспечения, для решения задач медико-биологической практики и в дальнейшем модернизация технологий и созданий более коредовых моделей.

Актуальным вопросом остается подготовка современных инженеров, которые помимо освоения фундаментальной подготовки по механике и системам управления, электронным устройствам, интегральной и микропроцессорной техники, а также проектированию медицинских приборов, систем, комплексов и т.д., будут компетентны в модернизации и усовершенствовании уже имеющихся технологий.

Важным элементом поставленной перед преподавателем задачи является донесение до студента материалов программы, которые направлены на развитие навыков "инженерного мышления", для грамотной постановки задачи и поиски путей решения.

Так, в вопросе развития навыков “инженерного мышления” в Инженерно-технологическом университете Туркменистана имени Огуз хана с первого курса программа обучения студентов направлена на тесное сотрудничество с производством и практическими занятиями. В целях достижения высокого качества медицинских услуг, повышения профессиональных навыков молодежи, соединения теоретических знаний студентов с производством организуются учебно-практические занятия с медицинскими приборами для студентов, программе Биомедицинская электроника, как со стороны образовательных учреждений, так и со стороны Министерства здравоохранения, что говорит о большой заинтересованности государства в подготовке высококвалифицированных специалистов своего профиля.

На учебно-практических занятиях студенты, согласно составленному плану, посещают лечебные учреждения, производственные комплексы для более глубокого ознакомления с медицинской техникой.

В Инженерно-технологическом университете Туркменистана имени Огуз хана действуют научно-производственные центры (НПЦ), направленные на выявление талантливых студентов, которые заинтересованы в дополнительных занятиях. В течении всего периода обучения студентам предоставляются возможности для посещения, разработки, модернизации, конструкции электронных компонентов.

В дальнейшем приобретённые знания и навыки будущих инженеров используются на старших курсах при написании курсовых и дипломных работ. Полученные навыки и умения помогают правильно и грамотно поставить вопрос, и что более важно, дать грамотный и правильный ответ. Данная практика посещения НПЦ способствует обогащению опыта и навыков будущего специалиста в выбранной профессии.

Heseljemal Küllekowa
(Türkmenistan)

AUDIO-WIZUAL TERJIMÄNIŇ DERWAÝYSLYGY

Berkarar döwletimiziň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen, ähli ulgamlarda uly ösüşler gazanylýar we belent sepgitlere ýetilýär. Ylym, bilim ulgamynda durmuşa geçirilýän beýik işler bolsa ýokary okuw mekdeplerinde berilýän terbiýäniň, bilimiň dünýä ülňülerine laýyk gelýän ýokary derejede bolmagyny talap edýär. Çünki, geljekki ezber hünärmenleri taýýarlamak işinde her bir dersiň aýratyn orny bar. Şoňa baglylykda, ýurdumyzda terjimeçilik işiniň ösmegine hem uly badalga berilýär. Bir dilden beýleki dile terjime etmek halklaryň özara gatnaşyklarynda mydama uly ähmiýete eýe bolupdy we onuň ähmiýeti hiç haçan peselmeýär.

Häzirki zaman dünýäsi çalt özgerýär, sanly tehnologiýalar barha we barha köp möçberde biziň gündelik durmuşymyza çuň ornaşýarlar: biz köp wagtymyzy wirtual giňişlikde geçirýäris, audiokitaplary diňleýäris, ol ýa-da beýleki meseleleri elektron resminamalar we goşundylar arkaly çözýäris we aýratyn hem, wizual kontente ene dilimize audio-wizual terjimä daýanyp seredýäris. Audio-wizual terjime nämekä? Mysal üçin, D.K.Kýaronyň sözlerine görä, audio-wizual terjime – bu "audio-wizual eserlerde bar bolan dil düzüm böleklerini bir dilden beýleki dile – akustiki we wizual, iki taraplaýyn hem ýiti görnüşde geçirmek bolup durýar. Adatça,... enjamlaryň kömegi bilen amala aşyrylýar". Şol terjimä başgaça "media-terjime", "multi-modal terjime" we "ekran terjimesi" hem diýilýär we ol köp sanly görnüşde: skriptiň terjimesi, ssenariniň terjimesi, erkin düşündirmek we ş.m. görnüşlerde berlip bilner. Häzirki döwürde olaryň iň köp ýaýran görnüşleri subtitrlemek, dublirlemek we kadryň aňyrsyndan ses bermek üçin terjime hasaplanylýar. Subtitrlemek – bu eser gahrymanlarynyň gürrüňleriniň, şeýle hem ýazgy görnüşinde berlen we kanalyň, striming platformasynyň, wideoserwisiň düzgünlerine gyşarnyksyz laýyklykda taýýarlanan many emele getiriji ýazgylaryň terjimesi. Subtitrleri taýýarlamaga bildirilýän talaplaryň jemine staýlgaýd diýilýär. Staýlgaýdlard köp sanly ululyk ölçegleri: subtitrde setirleriň rugsat edilýän möçberi (adatça, ikiden köp däl), setirde simwollaryň möçberi okamagyň tizligi (çagalarda pesdir, şoňa görä-de, çagalar filmlerine we gepleşiklerine subtitrler has gysgadyr), dialoglary, säginmeleri, aýdymlary, ýazgylary, sanlary we ş.m. taýýarlamak bellenendir. Dublirlemek (ýa-da dublýaž) "filmiň asyl nusgadaky dialogyň ýazgysy bolan ses ýodajygyny terjimäniň dilindäki dialogyň ýazgysy bolan ses ýodajygyna çalyşmaga mümkinçilik berýän, şeýle hem terjimäniň görnüşleriniň biri bolan ýazgynyň aýratyn usuly bolup durýar". W.Sapožnikowyň adalatly belleýşi ýaly, dublýaży senzura diýip atlandyrmak bolar, sebäbi tomaşaçy terjimeçä doly ynanýar we hakykatda filmde näme hakda aýdylýandygyny bilmeýär. Kadryň aňyrsyndan ses bermekde bolsa, munuň tersine, şeýle görnüşdäki senzura ýokdur. Asyl nusgadaky ses ýodajygy peseldilýär, onuň üstünden aktýorlaryň sesleri bilen ýodajyk goýulýar. Şonuň bilen birlikde, tomaşaçy goh-galmagallary, sazy, mähelläniň seslerini we ş.m. eşidýär. Eger "voice-over" atly deslapky ady terjime edilse, onda audio-wizual terjimäniň şeýle görnüşiniň düýp mazmuny şobada düşnükli bolýar, sebäbi ol sözme-söz "üstünden gürleýiş" görnüşinde terjime edilýär.

Subtitrleriň üstünde işlenende diňe bir materialyň mazmuny däl-de, eýsem subtitrleri taýýarlamaga bildirilýän tehniki talaplaryň hem birnäçesini nazara almak möhümdir. Şeýle görnüşdäki işde ýörelge hökmüde Netflix striming serwisiniň talaplaryny esas hökmünde almak mümkin diýip hasaplaýarys. Beýleki platformalaryň talaplary ujypsyz tapawutlanýarlar. Mysal üçin, subtitrler rus diline terjime edilende, Netflix platformasy simwollaryň möçberini şu möçbere – setirde 39-dan köp bolmadyk möçbere çenli çäklendirýär, bu bolsa, köplenç, terjimeçiniň

işini kynlaşdyrýar. Ýöne eger subtitr ekranda uzak bolmadyk wagt bolsa, hatda bu san hem şondan hem az bolup biler. Eger subtitr juda uzak bolsa, tomaşaçy säginmä basmaly bolýar – bu bolsa, subtitrleri hili pes hökmünde häsiýetlendirýär. Şeýlelikde, audio-wizual terjime näme, olaryň haýsy görnüşleri bolýar we şol görnüşler biri-birinden nähili tapawutlanýarlar, her bir görnüşiň nähili möhüm ähmiýeti bar, şeýle hem häzirki zaman dünýäsinde, umuman, audio-wizual terjimäniň nähili möhüm ähmiýeti bar diýen netijä gelmek mümkin.

Terjimeçä asyl nusgadaky önümiň hakyky görnüşini saklamagyň we ol üýtgedilende wagty tygşytlamagyň ahyrky önümi mümkin boldugyça çalt görmek isleýän tomaşaçy üçin hem, işi ýönekeýleşdirmek we az möçberde tagallalary etmek we az möçberde zähmet siňdirmek maksady bilen, terjimeçi üçin hem esasy şertler bolup çykyş edýändigini nazara almak zerurdyr. Nähili ýagdaýda bolanda-da, her bir adam audio-wizual terjimäniň haýsy görnüşiniň onuň peýdaly boljakdygyny özi üçin özi saýlap alýar.

Heseljemal Kullekova
(Turkmenistan)

RELEVANCE OF AUDIOVISUAL TRANSLATION

The article considers the relevance of audiovisual translation. The most common types of audiovisual translation and its peculiarities are considered. Currently, there is a growing interest of viewers in popular science channels and blogs, in particular those devoted to psychology. The author comes to the conclusion that audiovisual translation is characterised by a special complexity and that there are all grounds allowing to identify it as a separate type of translation activity.

Хесельджемал Куллекова
(Туркменистан)

АКТУАЛЬНОСТЬ АУДИОВИЗУАЛЬНОГО ПЕРЕВОДА

Статья посвящена актуальности аудиовизуального перевода. Рассмотрены самые распространенные виды аудиовизуального перевода и особенности. В настоящее время растет интерес зрителей к научно-популярным каналам и блогам, в частности, тем, которые посвящены психологии. Автор приходит к выводу, что аудиовизуальный перевод отличается особой сложностью и что существуют все основания, позволяющие выделить его в качестве отдельного вида переводческой деятельности.

Öwezmuhammet Mämmetnurow
(Türkmenistan)

TÜRKMENISTANYŇ MUZEÝLERINDE INNOWASION ÖSÜŞLER

Paýtagtymyz Aşgabatda hem-de welaýat merkezlerinde gurlan muzeýlerde muzeý gymmatlyklaryny ýygnamakda, gorap saklamakda, ylmy taýdan öwrenmekde, muzeý zallarynda eksponatlary sergiläp, muzeýe gelýän myhmanlara hyzmat etmekde işlerini üstünlikli ýerine ýetirip, beýleki muzeýlere nusga bolup gelýärler.

Gahryman Arkadagymyzyň karary bilen tassyklanan "Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň konsepsiýasynda" ýurdumyzyň sanly ulgam esasynda ösdürmegiň maksatnamalaýyn esaslary goýulyp, ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimleri, eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, kärhanalar, edaralar we guramalar tapgyrlaýyn esasda sanly ykdysadyýeti ornaşdyrmak bellenen.

Bu konsepsiýada ýurdumyzda sanly ykdysadyýeti ornaşdyrmak we ony ösdürmek bilen bagly wezipeler tapgyrlaýyn bölünip kesgitlenen. Konsepsiýanyň möhüm wezipeleriniň biri sanly ykdysadyýetiň binýatlyk esaslaryny-internet üpjünçilik ulgamyny bermek bolup durýar. Häzirki döwür ylmyň tehnikanyň okgunly ösýän döwrüdir, adamzadyň intellektual baýlygy netijesinde emele gelýän innowasiýalaryň we ýokary tehnologiýalar döwrüdir. Bu gün jemgyýetiň durmuşyny döwrebap innowasion internet-tehnologiýasyz we telekomunikasiýasyz göz öňüne getirmek mümkin däldir.

Dünýädäki tehnologiýalary ösüşine görä muzeý mümkinçiliklerinden peýdalanyp innowasiýalary muzeýlere ornaşdyrýarlar. Muzeýleriň alyp barýan işlerine özara birikdirýän wezipe, muzeýlere gelýän myhmanlara berilýän ekskursiýa hyzmatlary bolup durýar.

"Innowasiýa"sözi latyn dilindäki "INNOVATO" gelip çykyp, "täzelik", "täzelikli gowulandyrmak" manysy berýär.

Muzeý işlerinde täze tehnologiýalary ornaşdyrmakda daşary ýurtlaryň öňde-baryjy muzeýleri bilen aragatnaşyklaryň ýola goýulmagy örän uly tejribeleri berdi.

ABŞ-nyň "SIMISTION" muzeýler ulgamy, Nýu-Ýork şäherindäki "METROPOLITEN" muzeýi we Nýu-Ýork şäheriniň "Tebigatyň taryhy" muzeýi hem-de Germaniýanyň Berlin, Gamburg, Mangeým şäherleriniň muzeýleri bilen bolup geçen hyzmatdaşlyklar esasynda Türkmenistanyň muzeýleriniň täze innowasion işleri muzeýleri ösdürmekde örän uly itergi berdi.

Häzirki döwürde ýurdumyzyň täze innowasion işleriň biri, Türkmenistanyň merkezi muzeýleri bilen birlikde welaýat muzeýleriniň internet saýtlarynyň açylmagy bolup durýar. Her bir muzeýiň internet saýty esasynda olaryň ýerine ýetirýän işleri bilen tanyşyp bolýar. Bu saýtlarda muzeýlerde bolup geçýän ylmy-maslahatlar, dürli sergiler, muzeý zallarynyň wertual görnüşleri, muzeýleriň taryhlary, ylmy-barlag we rejeleýiş işleri ýaly dürli maglumatlar berilýär.

Umuman ýurdumyzda sanly ykdysadyýetiň ornaşdyrylmagy, milli ykdysadyýetimiziň pudaklarynyň ösüşine uly itergi berýär. Prezident maksatnamasynda öňde goýlan wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmäge, durnukly ykdysady ösüş we ýokary öndürijiligi gazanmaga hem-de halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmaga uly mümkinçilikleri döredip, onuň täsirini ýetirer.

Ýurdumyzyň muzeýleriniň milli medeni mirasymyzy giňden wagyz etmek üçin täze serişdeleri ulanmak arkaly, uzak aralykdan muzeýler bilen tanyşlygy guramak we bu taslamany amala aşyrmak bilen baglanşykly guramaçylyk çäreleri ýerine ýetirilýär.

Ovezmuhammet Mammetnurov
(Turkmenistan)

INNOVATIVE ACHIEVEMENTS IN MUSEUMS OF TURKMENISTAN

Currently, one of the innovative directions in the work of museums in our country is the unification of the central museums of Turkmenistan with velayat museums through the creation of Internet sites. Through the Internet site it will be possible to get acquainted with the work of any museum, and obtain comprehensive information about their history, find information about ongoing scientific conferences, various exhibitions, virtually walk through the exhibition halls, and also learn about their research and restoration activities.

The museums of our Motherland have every opportunity to, with the help of modern technologies, being located at a considerable distance from them, to organize work to actively popularize the rich national cultural heritage of our people.

Овезмухаммед Мамметнуров
(Туркменистан)

ИННОВАЦИОННЫЕ ДОСТИЖЕНИЯ В МУЗЕЯХ ТУРКМЕНИСТАНА

В настоящее время одно из инновационных направлений в работе музеев нашей страны – это объединение центральных музеев Туркменистана с велаятскими музеями посредством создания интернет-сайтов. Через интернет-сайт можно будет ознакомиться с работой любого музея и получить исчерпывающие сведения об их истории, найти информацию о проводимых научных конференциях, различных выставках, виртуально пройтись по выставочным залам, а также узнать о научно-изыскательской и реставрационной их деятельности.

В музеях нашей Родины имеются все возможности для того, чтобы с помощью современных технологий, находясь друг от друга них на значительном расстоянии, наладить работу по активной популяризации богатейшего национального культурного наследия нашего народа.

Begenç Mätliýew
(Türkmenistan)

TÜRKMENISTANYŇ PARAHATÇYLYGY WE YNANŞYŞMAGY ÜPJÜN ETMEK UGRUNDAKY BAŞLANGYÇLARYNYŇ GEOSYÝASY ÄHMIÝETI

Türkmenistanyň daşary-syýasat ugry häzirki zamanyň derwaýys meseleleriniň çözülmegine gönükdirilip, sebitiň geosyýasy giňişliginde we ondan hem giň çäklerde hereket etmegiň täze netijeli guraly bolmak bilen, ylmy-teoretik we amaly-tejribe taýdan yzygiderli berkidilýär. Türkmenistanyň ýer ýüzünde parahatçylygyň we özara ynamyň emele gelmegine gönükdirilen halkara başlangyçlary daşary syýasatyň esasy maksatlary hökmünde kesgitlenendir. Munuň hut şeýledigine Türkmenistanyň Prezidentiniň we Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň eserlerinde, çykyşlarynda we kabul edýän belent çözgütlerinde görmek bolýar. Türkmenistanyň Prezidentiniň göniden-göni ýolbaşçylygynda ylmyň we tejribäniň utgaşdyrmaklygyň esasynda işlenilip düzülen Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasy ugrunyň 2022–2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasy “Dialog – parahatçylygyň kepili” atly filosofik

ýörelge esasynda halkara gatnaşyklarynyň ösüşine goşant goşmak, öňüni alyş diplomatiýany halkara gatnaşyklarynyň tejribesine ornaşdyrylmagyna ýardam etmegi maksat edinýär.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň öňe süren häzirki şertlerde anyk kesgitlenen syýasy ölçeglere, sagdyn, oňyn pragmatizme, umumy ykrar edilen hem-de hemmelere düşnükli bolan adamzat gymmatlyklaryna esaslanýan halkara gatnaşyklaryň täze "Dialog – parahatçylygyň kepili" atly filosofiýasy adamzadyň ýüzbe-ýüz bolýan dürli howplarynyň öňünde ýekelikde durup bolmaýandygy, durnukly geljegi gazanmak üçin tagallalaryň we özara hereketleriň birleşdirilmelidigi babatdaky ynama esaslanýar. "Dialog – parahatçylygyň kepili" diýen jümläniň aňyrsynda uly many bar. Megerem, şonuň üçin bu jümle şü günki günde dünýäde uly meşhurlyga eýe bolýar. Bu ýönekeý jümlede jemlenýän paýhas Türkmenistanyň daşary syýasatynyň düýp mazmunyny açyp görkezýär. Dünýäde parahatçylygy saklamak we howpsuzlyk meselesi adamzadyň şu günki we geljekki ösüşini hem-de ykbalyny kesgitleýän mesele bolup durýar. Halkara howpsuzlygynyň üpjün edilmegi bolsa parahatçylyga bolan kepilligi aňladýar. Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 78-nji mejlisinde eden taryhy çykyşynda: "Baş Assambleýanyň 2021-nji ýyly "Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly" hem-de 2023-nji ýyly "Parahatçylygyň kepili hökmünde dialogyň halkara ýyly" diýip yglan etmek hakynda Kararnamalary esasynda ynanyşmak dialogynyň medeniýetini girizmegi zerur hasap edýäris" diýip nygtady. Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan garaşsyzlygynyň ilkinji günlerinden oňyn bitaraplygy daşary syýasatynyň esasy özeni edinip, dünýäniň geosyýasy giňişligine yzygiderli goşulyşmagy göz öňünde tutýan aýdyň ýoly saýlady. Goşulyşmak diýmegiň özi dialogyň möhümdigini we bu wezipäni ýerine ýetirmek üçin syýasy-diplomatik gurallary esasy serişde hökmünde işjeň ulanmagy alamatlandyrýar. Onuň ahyrky maksady bolsa sebitde hem-de dünýäde pugta parahatçylygy üpjün etmek bilen baglanyşyklydyr. Munuň nobatdaky halkara ykrarnamasyny Türkmenistanyň başlangyjy esasynda 2024-nji ýylyň 21-nji martynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynyň 63-nji plenar mejlisinde "2025-nji ýyl – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly" atly Kararnamanyň kabul edilmeginde görmek bolýar.

Şeýlelikde, parahatçylyk diňe bir ýaragly gapma-garşylyklaryň bolmazlygy däldir. Ol ynanyşmaga, birek-biregi hormatlamaga we düşünişmäge esaslanýan sazlaşykdyr. Haçan-da biz häzirki döwrüň geosyýasy wehimlerini seljerenimizde, şu gymmatlyklaryň bolmazlygynyň özara gatnaşyklaryň we ynamyň pese düşmegine getirýändigine göz ýetirýäris. Parahatçylygy uruş-dawa bilen gazanyp

ýa-da satyn alyp bolmaýandygy öz-özünden düşnüklidir. Ony dialogyň hem-de oňyn hyzmatdaşlygyň mümkinçilikleri arkaly gazanmaly. Türkmenistanyň parahatçylygy we ynanşmagy üpjün etmek ugrundaky halkara başlangyçlarynyň geosyýasy ähmiýeti hem sebitde we dünýäde parahatçylygy, durnuklylygy we howpsuzlygy üpjün etmekdäki maksatlarda jemlenýär.

Begench Matliyev
(Turkmenistan)

GEOPOLITICAL SIGNIFICANCE OF INITIATIVES OF TURKMENISTAN TO ENSURE SECURITY AND TRUST

International initiatives of Turkmenistan aimed at solving modern problems and their geopolitical significance. Initiatives to ensure peace and security of nations, strengthen mutual trust, develop international relations based on the philosophy of the National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov "Dialogue is a Guarantee of Peace," and promote the introduction of preventive diplomacy in the practice of international relations. The connection between the proposal of the President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov on the introduction of the culture of trustful dialogue in his historic speech at the 78th session of the UN General Assembly and the adoption of the Resolution "2025 – International Year of Peace and Trust" at the initiative of Turkmenistan.

Бегенч Мятлиев
(Туркменистан)

ГЕОПОЛИТИЧЕСКАЯ ЗНАЧИМОСТЬ ИНИЦИАТИВ ТУРКМЕНИСТАНА ПО ОБЕСПЕЧЕНИЮ БЕЗОПАСНОСТИ И ДОВЕРИЯ

Международные инициативы Туркменистана, направленные на решение современных проблем и их геополитическая значимость. Инициативы по обеспечению мира и безопасности народов, укреплению взаимного доверия, развитию международных отношений на основе философии Национального Лидера туркменского народа, Председателя Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедова "Диалог – гарантия мира", и содействию внедрения превентивной дипломатии в практику международных отношений. Взаимосвязь предложения Президента Туркменистана

Сердара Бердымухамедова о внедрении культуры доверительного диалога в историческом выступлении на 78-й сессии Генеральной Ассамблеи ООН и принятия по инициативе Туркменистана Резолюции “2025 год – Международный год мира и доверия”.

Babajan Mollaekäýew
(Türkmenistan)

IBN HATYM WE ONUŇ DÖREDIJILIGI

Ýemenli taryhçy we syýasatçy emir Bedreddin Muhammet ibn Hatym ibn Ahmet ibn Ymran ibn Fazl Ýamy Hemdany türkmen patyşalarynyň we begleriniň hyzmatynda bolup, olaryň batyrgaýlygyny, edermenligini, il-ýurt bähbitli bitiren işlerini wasp edip eser döredipdir. Ibn Hatym Ýemeniň Hemdan şäheriniň Ýam boýundaky Beni Hatym kowmundan bolupdyr. Bu sebäpden ýazar Ýamy tahallusyny göteripdir. Ol Ibn Hatym lakamy bilen tanalyp, öz döwrüniň adyl, edermen we ynamdar emiri hökmünde uly meşhurlyk gazanypdyr. Çeşmelerde Ibn Hatymyň ömür beýany barada giňeşleýin anyk maglumata gabat gelmesek-de, onuň 1302-nji ýyldan soň dünýäden ötendigini çaklaýan maglumatlar bar.

Ibn Hatym Ýemende 1249–1295-nji ýyllarda hökümdarlyk eden Resulogullaryndan Mälik Muzaffar Ýusup ibn Omaryň döwründe soltanyň geňeş-dary bolup işläpdir we özüne ynanylan harby we syýasy wezipeleri hem üstünlikli amala aşyrypdyr. Ibn Hatyma 1259-njy ýylda Beni Şyhap we olaryň hojaýyny Muhammet ibn Weşşah bilen oňyn aragatnaşyklary ýola goýmak wezipesi ynanylypdyr.

Ibn Hatymyň ýazan eserleri hakynda aýdylanda, ol köp sanly eserler ýazypdyr, ýöne ol eserlerden diňe iki sanysy bize gelip ýetipdir. Alymyň iň ähmiýetli eserleriniň biri “Es-Simtul-galis-semen fi ahbary mulukil-Guzzi bil-Ýemen” (“Ýemende hökümdarlyk eden oguz patyşalarynyň taryhy baradaky gymmat bahaly dür düzümi”) atly taryhy eseridir. Bu eser Ýemen taryhy barada giňeşleýin ýazylan ilkinji çeşmedigi bilen gymmatlydyr.

Hormatly Prezidentimiziň howandarlygynda gurnalan ylmy iş saparynyň netijesinde, Ibn Hatymyň arap dilinde ýazylan “Ýemende hökümdarlyk eden Oguz patyşalarynyň taryhy baradaky gymmat bahaly dür düzümi” atly eseriniň elektron nusgasy, 2008-nji ýylda Angliýadan getirildi. Ol TYA-nyň Magtymguly adyndaky Dil, edebiýat we milli golýazmalar institutynyň gaznasynda DD729 belgili bukjada saklanýar.

Alymlar tarapyndan seljerilen bu eserde Eýýubilerden we Resulogullaryndan bolan on oguz patyşasynyň Ýemendäki hökümdarlygy, olaryň halkyň parahat durmuşy we watanyň asudalygy ugrunda bitiren işleri, şol döwürdäki ylmy öňe gidişlikler barada jikme-jik deliller getirilýär. Eseriň sözbaşysynda ol patyşalaryň ýedisiniň Eýýup neberesidigini we galan üçüsiniň bolsa Resulogullarydygyny belleýär. Eseriň takmynan üçden iki bölegi Resulylar nesilşalygynyň ilkinji iki hökümdary Mälik Mansur Omar ibn Aly bilen Mälik Muzaffar Ýusup ibn Omaryň döwrüne bagyşlanypdyr. Ýazar kitabyny Resulogullarynyň üçünji patyşasy Omar ibn Ýusubyň zamanynda tamamlaýar.

Şol döwürlerde taryhçy alymlaryň aglabasy eserlerini rowaýatlar arkaly beýan edýän bolsa, bu eseriň aýratynlygy şol döwrüň real wakalaryny beýan edýändigi bilen ähmiýetlidir. Alymyň "Ýemende hökümdarlyk eden oguz patyşalarynyň taryhy baradaky gymmat bahaly dür düzümi" atly eseri Ýemendäki oguz türkmenleriniň taryhy barada ýazylan iň bir gymmatly çeşmedir.

Babajan Mollaekayev
(Turkmenistan)

IBN HATYM AND HIS WORK

An electronic copy of Ibn Hatym's Arabic-language work entitled "Precious work on the history of the Oguz Emirs who ruled in Yemen" was brought from England in 2008 as a result of a scientific trip organized thanks to the assistance of the distinguished President. It is kept in the collection of the Institute of Language, Literature and National Manuscripts named after Magtymguly of AST, in folder number DD 729.

This work, analyzed by scientists, provides detailed information about the rule of the ten Oguz Emirs of the Eyyuies and Resul ogullary dynasties in Yemen, their activities for the peaceful life of the people and stability in the country, and the scientific progress of the time. At that time, most historians expounded their works through legends, but the peculiarity of this work is that it describes the real events of those years. The work titled "Precious Essay on the History of Oguz Emirs Ruling in Yemen" is the most valuable source on the history of Oguz Turkmens in Yemen.

Бабаджан Моллаэкаев
(Туркменистан)

ИБН ХАТИМ И ЕГО ТВОРЧЕСТВО

По итогам научной командировки, организованной благодаря содействию Уважаемого Президента, в 2008 году из Англии была привезена электронная копия арабоязычного труда Ибн Хатима под названием “Драгоценное сочинение об истории огузских эмиров, правивших в Йемене”. Она хранится в фонде Института языка, литературы и национальных рукописей имени Махтумкули АНТ в папке под номером DD 729.

В этом труде, проанализированном учёными, приводятся подробные сведения о правлении десяти огузских эмиров из династии эйюбидов и Ресулогуллары в Йемене, об их деятельности во имя мирной жизни народа и стабильности в стране, о научном прогрессе того времени. В то время большинство историков излагали свои труды через легенды, но особенность этого труда в том, что в ней описываются реальные события тех лет. Труд под названием “Драгоценное сочинение об истории огузских эмиров, правивших в Йемене” является ценнейшим источником, посвящённым истории туркмен-огузов в Йемене.

Ogulnabat Mommyýewa
(Türkmenistan)

MERW BEÝIK ÝÜPEK ÝOLUNYŇ ÇATRYGYNDA

Türkmeniň ýüpek ýoly döwletara dostlukly we ykdysady gatnaşyklarynyň saklanylmagyna saldamly goşant goşmak bilen çäklenmän, eýsem gadymy kerwen ýolunyň ugrunda ýerleşen şäherleriň gülläp ösmegine, halk durmuşynyň gaýnap joşmagyna egsilmez ýardam edipdir. Bu ýüpek ýolunyň çatrygynda ýerleşen gadymy we orta asyr Merw şäheri hem özboluşly bina edilen, tebigy taýdan örän amatly ýerde ýerleşen, kerwen ýolunyň köp ýyllap hereket etmegine esas bolan we ÝUNESKO-nyň Bütindünýä medeni mirasynyň sanawyna girizilen şäherleriň biridir.

Gadymy Merw şäheri **“**Murgap derýasynyň aşaky akymynda ýerleşýän ülke”, zooastranyň keramatly kitaby “Awestada” Mourw ýa-da Mouru, ahemeni şasy Dariniň (Darýuşiň) Bisütin (Behustun) gaýa ýazgysynda “Marguş”, gadymy grek-rim ýazuw ýadygärliklerinde “Margiana”, hytaý ýazgylarynda “Mulu”, orta asyr gündogar taryhçylarynyň işlerinde “Merw – Şahyjan” hem Maru-şahu-jahan ady bilen meşhur bolup, öz döwründe gündogaryň iň uly medeni ojagy, içerki we halkara söwdasynyň möhüm merkezi bolupdyr.

Merwiň uly söwda kerwen ýollarynyň çatrygynda ýerleşýändigi sebäpli, Hytaý ýurdundan gaýdan kerwenler Amul şäheriniň üsti bilen Merwe gelipdir we Merwden kerwen ýoly Abiwerde, Merweruda, Köneügenje, Sarahsyň üsti bilen Nişapura baryp ýetipdir. Bu bolsa Merwiň ol şäherleriň täjirleri bilen möhüm ykdysady gatnaşyklar saklandygyny aňladýar.

Orta asyr taryhçysy Juweýniniň aýtmagyna görä, Merw "... Horasandaky ähli şäherlerden giň bolupdyr we bagt guşy ähli tarapa uçup bilipdir. Ilatyň sany nisan (aprel aýyndaky) ýagşyň damjasyna barabar bolupdyr ...". Şol döwürlerde Merw uly bazarly şäher hökmünde-de tanalypdyr. Alys ýurtlardan gelen täjirler Merwiň bazarlarynda satlyk, alyş-çalyş söwda işlerini edipdirler. Al-Istahri, al-Makdisi, as-Samani ýaly orta asyr taryhçylary Merwiň bazarynyň merkezinde "Çarsu" diýlip atlandyrylan, üsti gupba şekilli baş söwda merkeziniň, onuň ýanynda pul çalşylýan bazaryň we kerwensaraýlaryň bolandygyny belleýärler. Bazaryň merkezinde ýerleşýän çarsudan dürli taraplara köçeler uzalyp, olaryň bir ugrunda hünärmentçilige degişli önümleri bolsa, beýleki bir ugrunda senetçilik önümleriniň haýsy hem bolsa bir görnüşi öndürilýän mähelleler ýerleşipdir. Ýagny, hünärmentçilikde dokma, küýzegärçilik, metal işläp bejeriji, ýüwelir gurluşyk we guýlup ýasalan gelşikli gap-gaçlary ýaly dürli önümleri halkara söwdanyň esasy bölegi bolupdyr. Aýratyn-da, Merw küýzegärleriň ýokary derejedäki çeper önümleri, jandar we adam sýužetli gap-gaçlary, ösümlik, geometrik we epigrafik äheňli sünnälenip ýasalan işleri alys ýurtlarda hem belli bolupdyr. Merwde dokalan matalar bolsa, söwda gatnaşyklarynyň esasy önümleriniň biridir. Muňa mysal edip, Müsüriň gonamçylyklarynyň birinde gazuw-agtaryş işleri geçirilende, Merwde dokalan kenep matalarynyň tapylan böleklerini görkezmek bolar. Olar Müsüriň Kairdäki muzeýleriniň birinde saklanylýar we senesi boýunça IX–X asyrlara degişli diýip hasaplanylýar.

Taryhy çeşmelere esaslanyp, Merw bazarynda külalçylaryň, neçjarlaryň, demirçileriň, dokmaçylaryň, aýnaçylaryň, deri eýleýänleriň, ädikçileriň, eşik tikýänleriň, zergärleriň we beýleki senetkärleriň köçeleriniň bolandygyny anyklamak bolar.

Merwde öndürilen azyk önümleri boýunça aýdanymyzda, ýokary hilli goýun süýdi goşulyp taýýarlanylan tagamly kökeler, üzüm toşaby, "abkame" diýlip atlandyrylan turşy içgiler we başga-da köp sanly harytlar şäheriň bazarynda satylypdyr.

Merw Beýik ýüpek ýolunyň çatrygynda ýerleşmegi bilen, ol Sarahs, Abiwerd, Amul, Ürgenç, Merwerud ýaly şäherleriň arasynda söwda-aragatnaşygyny saklapdyr. Bu bolsa Merwiň ykdysady taýdan ösmegine esas beripdir.

Bu gadymy şäher ýurdumyzyň beýleki taryhy-medeni ýadygärlikleri ýaly halkymyzyň taryhyny öwrenmekde, ony häzirki zaman dünýä taryhynyň sahypalaryna girizmekde gymmatly medeni mirasymyzdyr.

Ogulnabat Mommyyeva
(Turkmenistan)

MERV AT THE CROSSROADS OF THE GREAT SILK ROAD

Ancient Merv, which was large, was located on a busy route to the cultural centers of the East of the Silk Road. It was known as “The city that is located in the lower reaches of the Murgap River”, in the Zoroastrian book “Avesta” the city was called Mourv or Mouru, in the Behistun inscription of the Achaemenid king Darius (he was called) “Margush”, in ancient Greco-Roman sources “Margiana” , in the Chinese manuscripts “Mulu”, in the works of medieval orientalists “Merv-Shahijan”, as well as Maru-shahu-jahan.

Merv was located at the crossroads of large trade and caravan routes that went from China through the city of Amul to Merv. From Merv the caravan went to Abiverd, Merverud, and then through Sarahs it reached Nishapur. This fact indicates that Merv maintained close economic relations with many developed cities of the East.

Огулнабат Моммыева
(Туркменистан)

МЕРВ НА ПЕРЕКРЕСТКЕ ВЕЛИКОГО ШЕЛКОВОГО ПУТИ

Древний Мерв, являвшийся крупным, культурным центрам Востока располагался на оживленном маршруте Шелкового пути. Он был известен как “Город, который находится в нижнем течении реки Мургб”. В зооастрийской книге “Авеста” город именовался Моурв или Моуру, в Бехистунской надписи ахеменидского царя Дария он назывался “Маргуш”, в древних греко-римских источниках “Маргиана”, в китайских рукописях “Мулу”, в работах средневековых востоковедов “Мерв-Шахиджан”, а также Мару-шаху-джахан.

Мерв находился на перекрестке больших торговых и караванных путей, шедших из Китая через город Амуль в Мерв. Из Мерва караван шёл в Абиверд, Мерверуд, а затем через Серахс доходил до Нишапура. Этот факт свидетельствует о том, что Мерв поддерживал тесные экономические отношения с множеством развитых городов Востока.

Oguljennet Möwlamowa
(Türkmenistan)

YLMY-TEHNIKI TERJIMEDE EKWIWALENTLIK MESELERI

Bu işde ylmy-tehniki terjimede esasy meseleriň biri bolan ekwiwalentligiň stilistik, leksik we sintaktik derejelerde kynçylyklaryň bolup biljekdigi barada aýdylyp geçilýär. Sebäbi terjimeçi döwrüň tehnologiýasynyň dilini we ylmyny terjime etmek üçin hökman onuň tehnologiýasy, ylmy bilen bilen aýakdaş bolmaly. Sebäbi, asyl dildäki maksat, ikinji dildäki okyja takyk geçirilmegi üçin, terjime işinde ekwiwalentlik derejelerini saklamaklygyň möhüm orny barada maglumatlar öňe sürülýär.

Oguljennet Movlamova
(Turkmenistan)

EQUIVALENCE PROBLEMS IN SCIENTIFIC-TECHNICAL TRANSLATION

Translation holds paramount significance in the cutting-edge technologies period so technical translation not only requires from the translator to be the scientist, the field expert a good command of at least two languages of the published material but also to have sufficient knowledge of the science and technology he/she is supposed to deal with. However, translators generally fail to carry the exact message to the target reader due to the complexity of some highly specialized written material.

Therefore, this article delves into intricate realm of explaining difficulties involved in establishing equivalence between the source language (SL) and target language (TL) in the context of technical translation. Investigating the basis on which the translator can build up a text in the target language that carries over a clear message intended by the writer of the source language has been grabbed some researcher's attention. Scholars have put forward different ideas about equivalence. In this article equivalence will be examined in translation with regard to syntactic arrangement, content and style. The focus will be directed towards the three main issues involved in any written material namely: syntactic level; lexical level and stylistic level: in syntactic level, the usage of passive, for instance, is a common characteristic in English scientific, academic and technical writing so, it is known that the role of the passive voice in building the syntactic structure and in conveying the message, it can be pointed out that it is sometimes

necessary to know the agent i.e, who or what performed the action using the passive voice. Sometimes in these cases, it really makes different distinctions in meaning. For ex: *The sensor is housed in a support assembly*. Translators have to be careful, otherwise they will fail to give a right meaning lacking of knowledge to differentiate whether is this indication of activity or description of state. "Datçikler direg birikmesinde ýerleşdirilýärmi or datçikler direg birikmesinde ýerleşýär. It may be wrongly understood to mean that someone has housed the sensor or it may mean sensor is protected in a support assembly. In these cases, translators should carefully choose, because it really should be resolved by the original writer. The problem lies whether is it a lexical problem or a syntactic (structural) as well as a semantic problem related to the intention of the original writer. Therefore, it is a matter which can only be resolved by the original writer's intention. Otherwise, the translator will have no choice other than leaving the sentence ambiguous to the TL reader as in possibility no1 above.

Proper words in proper places make the true definition of style. Style is the carrier of the original writer and the translator's message through the choice of words and their arrangement. Combination appropriate words and their accurate arrangements would result in adequate style because it represents writer's message to the intended reader in translation. For the translator to meet the demands, they have closely to make collaboration and subject specialists and cascade with them sufficient knowledge of subject matter. Therefore, translators should continuously enhance and update knowledge to track down in science and technology fields.

Огулдженнет Мовлямова
(Туркменистан)

ПРОБЛЕМЫ ЭКВИВАЛЕНТНОСТИ В НАУЧНО-ТЕХНИЧЕСКОМ ПЕРЕВОДЕ

В данной работе обсуждается, что эквивалентность, которая является одной из основных проблем научно-технического перевода, может иметь проблемы на стилистическом, лексическом и синтаксическом уровнях. Потому что переводчик должен быть знаком с технологией и наукой того времени, чтобы переводить на язык техники и науки того времени. В противном случае читатель на языке оригинала не может быть точно переведен на второй язык. Именно поэтому утверждается, что он играет важную роль в поддержании уровня эквивалентности в переводческой работе.

Arzygül Mowlýamowa
(Türkmenistan)

BILIM – BAGTLY GELEJEGIMIZDIR

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Arkadagly Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda ýaşlaryň ylymly-bilimli, ilhalar, watançy adamlar bolup ýetişmekleri ugrunda hem uly aladalar edilýär, ýurdumyzyň bilim we ylym binýadyny pugtalandyrmaga, ulgamy ösdürmäge, maddy-enjamlaýyn üpjünçiligini berkitmäge gönükdirilen uly işler üstünlikli durmuşa geçirilýär. Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow: "Her bir döwletiň binýadynyň berkligi, ösüşiniň ýokary depgini, ýaşaýyş-durmuş derejesi ýurtda alnyp barylýan bilim-ylym syýasaty bilen berk baglydyr" diýip belleýär. Şeýle hem milli Liderimiziň ata Watanymyzyň we bütin adamzadyň bagtyýarlygy üçin amala aşyrýan beýik işleri türkmen halkynyň, sebitiň we dünýä halklarynyň parahat, asuda, bolelin we bagtyýar durmuşda ýaşamagyna, ýaş nesliň dünýä ülňülerine laýyk gelýän bilim, döwrebap terbiýe almagyna, saglygyny goramagyna hem-de berkitmegine hyzmat edýär.

Hormatly Prezidentimiziň öňdengörüjilikli syýasatynyň, Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk taglymatynyň netijesinde, jemgyýetçilik, syýasy-ynsanperwer gatnaşyklar kämilleşdirilýär. Ylym bilimiň, innowasiýalaryň ileri tutulmagy bilen, raýatlaryň sanly ykdysadyýeti özleşdirmegi ugrunda netijeli işler durmuşa geçirilýär. Muňa mysal edip, mähriban Arkadagymyzyň syýasaty esasynda, dostlukly döwletler bilen hyzmatdaşlyk boýunça gol çekilen ylalaşyklara laýyklykda, türkmen ýaşlaryna daşary ýurtlaryň abraýly ýokary okuw mekdeplerinde bilim almaga giň mümkinçilikleriň açylandygyny, türkmen ýaşlarynyň daşary ýurtlarda geçirilýän bilim we sport bäsleşiklerine gatnaşyp, altyn, kümüş, bürünç medallara eýe bolýandyklaryny hem-de ýurdumyzyň ylym, bilim ulgamynyň hünärmenleriniň, professor-mugallymlarynyň hünärlerini dünýä tejribelerine we innowasiýalara esaslanyp, yzygiderli ýokarlandyrýandyklaryny görkezmek bolar.

Berkarar döwletimiziň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň bilim ulgamynyň işini kämilleşdirmek we ata Watanymyzyň dürli künjeklerinde döwrebap bilim ojaklaryny gurmak boýunça işler Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019–2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynyň çäklerinde depginli alnyp barylýar.

Ondan başga-da, bilimiň hilini gowulandyrmak, ýaşlara bilim berlişini dünýä derejesine çykarmak üçin dünýä ülňülerine gabat gelýän maksatnamalary amala aşyrmak babatda bitirilen beýik işler häzirki wagtda ähli halkymyzy guwandyrýar.

Halkara gatnaşyklaryny pugtalandyrmakda we ösdürmekde bilim ulgamyndaky hyzmatdaşlyga aýratyn orun degişlidir. Häzirki wagtda ylym-bilim ulgamynda durmuşa geçirilýän düýpli özgertmelere Türkmenistanda döwlet syýasatynyň örän möhüm ugurlarynyň biri hökmünde garalýar.

Watanymyzyň geljekki ösüşlerini ýaşlarda görýän Arkadagly Serdarymyz ýaş nesle uly ynam bildirip, olaryň okamaklary, öwrenmekleri üçin hemme şertleri döredýär. Bilim ulgamynda täze tehnologiýalaryň işjeň ulanylmagy ýaşlaryň başarnygyny, dünýägaraýşyny, sowatlylyk derejesini has-da artdyrýar. Innowasion tehnologiýalaryň we täze usulyýetleriň durmuşa ornaşdyrylmagy ýurdumyzda bilimiň hilini ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär.

Arzygul Movlyamova
(Turkmenistan)

EDUCATION IS OUR HAPPY FUTURE

Through the tireless efforts of the National Leader and the Respected President, large-scale work is being carried out to introduce new methods and the latest technologies into the education system. Strengthening the economic power of the country as a result of the successful implementation of such important tasks as increasing the intellectual potential of our people, the comprehensive development of the national education and science system in accordance with international experience, is one of the priority areas of state policy, and is being implemented by the President of the country.

Арзыгуль Мовлямова
(Туркменистан)

ОБРАЗОВАНИЕ – НАШЕ СЧАСТЛИВОЕ БУДУЩЕЕ

Неустанными усилиями Общенационального Лидера и Уважаемого Президента ведется масштабная работа по внедрению в систему образования новых методик и новейших технологий. Укрепление экономической мощи страны в результате успешной реализации таких важных задач как повышение интеллектуального потенциала нашего народа, всестороннее развитие национальной системы образования и науки в соответствии с мировым опытом, является одним из приоритетных направлений государственной политики, реализуется Президентом страны.

Gurbangeldi Muhammedow
(Türkmenistan)

GARAMAN AÝNYNYŇ "DIWANYNDA" GARAMANOGULLARY BEGLIGINIŇ TARYHY

Beýik Seljukly döwletinde gülläp ösen "Seljuknamaçylyk" däpleri, şadöwletiň yzysüre döredilen türkmen begliklerinde hem özboluşly görnüşde dowam edipdir. XI–XV asyrlarda Kiçi Aziýada bolup geçýän taryhy wakalary beýan edýän "Danyşmentnama", "Saltyknama", "Battalnama", "Garamannama" dessanlary döredilipdir. XIV asyrda ýaşap geçen garamanly begi Alyeddin Aly begiň (1361–1398) köşkde geçirilen mejlisleriniň birinde Ýarjany atly şahyra Garamanogullary begliginiň taryhyny beýan edýän "Garamannama" dessanyny ýazmagy tabşyrmagy hem aýratyn bellenilmäge mynasypdyr. XV asyrda Kiçi Aziýada ýaşap geçen şahyr Garaman Aýnynyň döredijiligi hem garamanlylaryň taryhyna bagyşlanyp, çeper taryhçylygyň ajaýyp nusgasydyr.

Taryhy çeşmelerde Garaman Aýnynyň ömür ýoly hakynda ýeterlik maglumat gabat gelmeýär. Şonuň üçin hem, şahyryň "Diwan" atly kitabynda ýerleşdirilen goşgulary döwrüň taryhy wakalaryny beýan edýän gymmatly taryhy eser bolmak bilen birlikde, awtoryň ömür ýoluny öwrenmekde hem ýeke-täk maglumat çeşmesidir. "Diwan" 512 gazaldan, 58 kaside-musammatdan[1] we 136 muammadan[2] ybarat bolup, olar yşky-liriki, dini, durmuşy temalara we döwrüň taryhy wakalaryna bagyşlanypdyr.

Garaman Aýnynyň ýaşan ýyllary (XV asyr) Osmanly imperiýasy bilen Garamanogullary begliginiň arasynda sebitde bitewi türkmen döwletini dikeltmek ugrunda bäsdeşligiň dowam edýän wagtyna gabat gelipdir. Garamanogly Kasym beg (1469–1483) bilen dostlukly gatnaşykda bolan şahyr garamanlylary goldapdyr. Osmanly soltany Mehmet Fatyh II (1451–1481) aradan çykmagy bilen başlanan tagt ugrundaky göreşde bolsa, ol şazada Jemiň tarapdary bolupdyr. Öz döwründe syýasy wakalaryň jümmüşinde bolup, olara gatnaşan Garaman Aýnynyň döredijiliginde döwrüň taryhy wakalaryna bagyşlanan goşgular agdyklyk edýär.

1473-nji ýylda bolup geçen Otlukbili söweşi osmanlylaryň ýeňmegi we Garamanogullary begliginiň aglaba ýerlerini eýelemegi bilen tamamlanypdyr. 1483-nji ýylda begligiň soňky hökümdary Kasym begiň aradan çykmagy bilen bolsa, beglik imperiýanyň bir welaýatyna öwrülipdir. "Diwanda" ýerleşdirilen 36 belgili goşgy tutuşlygyna Garamanogullary begliginiň synmagyna bagyşlanypdyr. Garaman Aýny:

Ýykdy dar-y döwletin mülk-i Garaman dirig,
Çarh-i zalym zulum edip, ýene adawet eýledi.

– diýmek bilen, uzak wagta çeken göreşleriň şazada Jemiň ýeňilmegi, Kasym begiň aradan çykmagy we Garamanogullary begliginiň synmagy bilen tamamlanandygyny örän gynanç bilen beýan edýär .

Eserde taryhy wakalary beýan etmek üçin örän inçe çeper serişdeleriň ulanylandygyny hem bellemek gerek. Şahyr:

Ol ruhy ferruh elinden gitdi fil-u, ferz-u, at,
Ütdi şatranjyn ajal, oldy diriga şahmat

– diýen setirlerinde, öz döwründe bolup geçen taryhy wakalary şatranj (küşt) oýnyna meňzedýär. Ýagny, "filiň", (pil), "ferziň" we "atyň" elden gitmegi bilen "oýnuň" "şahmat" bilen tamamlanandygyny habar berýär.

Taryhy çeşmelerde berilýän maglumatlaryň dürlüligi we gapma-garşylykly bolmagy olary deňeşdirip seljermäge, toplanan maglumatlaryň takyklygyny güýçlendirmäge mümkinçilik berýär. Ibn Bibiniň, Reşideddin Fazlullahyň, Ýazyjy ogly Alynyň eserlerinde seljukly soltanlaryna garşy baş galdyran "pitneçiler" diýip atlandyrylan garamanlylaryň şahyryň goşgularynda döwrüň gahrymanlary hökmünde suratlandyrylmagy XV asyrda Kiçi Aziýada bolup geçen taryhy wakalara täzeçe garamaga esas berýär.

Gurbangeldi Muhammedov
(Turkmenistan)

THE HISTORY OF THE KARAMANOGUL PRINCIPALITY IN KARAMAN AYNY'S "DIVAN"

The work of the poet Karaman Ayny, who lived in Asia Minor in the XV century, is one the topics that should be carefully studied in literary studies. The poet, who lived during a period of tense of Ottoman – Karamanian relations, described the historical events of that time in his poems. The poems included in this "Divan" are in important source in the study of the history of the Turkmen principalities.

Гурбангельды Мухаммедов
(Туркменистан)

ИСТОРИЯ ДИНАСТИЙ КАРАМАНОГУЛЛАРЫ В “ДИВАНЕ” КАРАМАНА АЙНИ

Творчество поэта Карамана Айни, жившего в Малой Азии в XV веке, является одной из значимых страниц литературоведения, которая должна быть глубоко изучена. Поэт, живший в период напряженных османско-караманских отношений, описал в своих стихах исторические события того времени. Стихи, вошедшие в его “Диван”, являются важным источником в изучении истории туркменских династий.

Gülnara Muhammedowa
(Türkmenistan)

HINDI DILINI OKATMAKDA INTERAKTIW USULLARDAN PEÝDALANMAGYŇ ÄHMIÝETI

Hormatly Prezidentimiziň goňşy döwletler bilen dostlukly gatnaşyklary alyp barmak syýasaty şol döwletlerde ýaşaýan halklaryň dilini öwrenmek meselesini döwrebaplaşdyrdy. Şol sebäpli hem ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde hindi dilini öwrenmek, türkmençe-hindiçe terjimeçileri taýýarlamak ýola goýuldy. Belli bolşy ýaly, türkmen we hindi halklaryň arasyndaky dil, medeni, ykdysady gatnaşyklar çuňňur köklere daýanýar. Muňa göz ýetirmek üçin, orta asyrlarda Baýram hanyň, Abdyrahym hanyň mogollar döwletindäki orny, Magtymguly Pyragynyň “Hindistanda hyýalym” diýen sözlerini, Gara Seýitliýewiň “Hindistanyň gülleri” atly goşgular ýygyndysyny, wakalary Hindistan bilen bagly halk döredijilik eserlerini ýatlamak ýeterlikdir. Ynsanperwerlik ulgamyndaky – ylym, bilim, medeni ugurlar boýunça hyzmatdaşlyk bolsa döwletara gatnaşyklaryň aýrylmaz bir bölegidir.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe “Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy” ýylynda bu beýik başlangyçlar bilim ulgamynda-da hem üsünlikli amala aşyrylýar. Şunuň bilen baglanyşykly, ýaş nesli milli däp-dessurlara, ata-babalarymyzdan galan medeni, ruhy mirasa çuňňur hormat goýýan, dünýä ylmynyň gazananlaryndan habarly, Watana, halka, hormatly Prezidentimize wepaly, taryhy geçmişini, milli dilini kämil bilýän, giň gözýetimli, ökde hünärmenleri taýýarlamak döwlet ähmiýetli wezipe edilip goýulýar. Şundan ugur alnyp, ýokary okuw mekdeplerinde okadylýan dersleriň hili, mazmuny şeýle

hem okadylyş usullary kämilleşdirilýär. “Hindi dili” derslerinde innowasion tehnologiýalardan giňden peýdalanmak bilen, netijeliligi artyrmak, berilýän bilimleri barha gowulandyrmak, interaktiw usullary we multimedia serişdelerini yzygiderli ulanmak okuw işine has-da berk ornaşýar, şeýle-de okuwyň hilini ýokarlandyryp, oňyn netijeleri berýär.

Häzirki wagtda daşary ýurt dilleriniň öwredilýän derslerinde interaktiw usullaryň giňden ulanylmagy we oňa talyplaryň hem-de mugallymlaryň işjeň gatnaşmagy döwrüň talabydyr. Hindi dili sapaklarynda interaktiw usulda geçilýän sapak, okuw maksatnamasyna laýyklykda, bu temanyň jemleýji bölümine degişlidir. Bu sapak anyk maksatlary öňünde goýup, hindi diliniň grammatikasyny, sözleýiş endiklerini we sözlük goruny ösdürmekden ybaratdyr.

Umuman, sapakda grammatikanyň sözleýiş tejribesi bilen baglanyşykda öwredilmegi üns merkezinde saklanýar. Sapagyň gidişinde sözleýiş tejribesiniň ähmiýeti, bu ugurda terjime we adaty usullary modelirlemek usuly arkaly grammatika düşündirilýär.

Daşary ýurt dillerini öwretmekde sözleýiş tejribesiniň kämilleşdirilmegine hyzmat edýän interaktiw usulyň giňden ulanylmagy her bir amaly sapagyň geçirilmeginde örän derwaýysdyr. Bu ýerde sapagyň dowamynda sözleýşi kämilleşdirýän gönükmeleriň agdyklyk etmegi we olaryň belli bir konteksler bilen bagly bolmagy esasy şertdir. Sapaga şeýle çemeleşmäniň netijesinde talyplar berlen temany täzeçe sözleýişlerinde ulanyp bilmekleri gazanylýar. Hindi dilini öwrenilmeginde şeýle usulyň dürli görnüşleriniň ulanylmagy ýokary netijeleri berýär.

Dil öwredilende interaktiw usullaryň “Interwýu”, “Beýni hüjümi”, “Maslahatda çykyş”, “Amaly sapak” ýaly birnäçe görnüşi ulanylýar. Mysal üçin “Amaly sapak” usuly ulanylanda sapagy okuwçy okadýar. Tema öňünden belli edilýär. Taýýarlanmaga wagt berilýär. Usulyň artykmaçlygy talyba özbaşdak işlemäge mümkinçilik berýändigindedir, sapaga taýýarlanmagyň we ony alyp barmagyň psihologik kynçylyklaryň aýyrýandygynda talyplarda mugallymyň jogapkärçiligini düşündirýändigindedir.

Ýokary okuw mekdebinde talyplara “Maslahatda çykyş” usulyny ulanmak netijelidir. Bu usul birnäçe şert bilen şertlendirilýär:

– talyplaryň sözlük gory şeýle çykyşy etmek üçin ýeterlik derejä gelýär;

– sözlük goruňy ýagdaýa görä ulanmak başarnygynyň kämillik derejesine ýetmegi bilen olary ulanmagyň stili gowlaşýar;

– ýokary ýyl talyplarynyň psihologik taýýarlygy belli bir derejä barýar;

Şu usuly ulanmak bilen taýýarlan sapagymyzyň mysalyny gysgaça beýan etmek isleýärin. Maslahata şeýle meseleler çykarylýar:

1. Hindi diliniň taryhyna nazar (hindi-ýewropa dilleri, olara girýän diller)

2. Türkmen we hindi dilleriniň gatnaşygy Türkmen-hindi medeni gatnaşyklary

3. Häzirki türkmen-hindi gatnaşyklary

Her çykyşdan soň sorag-jogap guralýar. Bellenen talyp tarapyndan çykyşa baha berilýär. Sapagyň dolulygyna hindi dilinde geçilýändigini aýratyn belläsimiz gelýär.

Gulnara Muhammedova
(Turkmenistan)

IMPORTANCE OF USING INTERACTIVE METHODS IN TEACHING HINDI LANGUAGE

The modern requirements of the time are conditioned by the use of interactive methods in teaching a foreign language to ensure the active participation of students and teachers in the classroom. The effectiveness of using interactive methods in Hindi language teaching classes is most clearly manifested both in the process of mastering individual topics and at the stage of generalizing the thematic sections of the curriculum. Such an activity sets specific goals and allows students to consolidate their acquired knowledge of grammar, morphology, vocabulary, as well as improve their speech skills in practice.

The classes actively use such types of interactive methods as: “Interviews”, “Brainstorming”, “Presentation at a conference”, “Group assessment of lesson results”. The effectiveness of these methods is manifested in the fact that students receive ample opportunities for independent work, actively overcoming psychological barriers that arise during the preparation and conduct of practical classes.

Гульнара Мухаммедова
(Туркменистан)

ИСПОЛЬЗОВАНИЕ ИНТЕРАКТИВНЫХ МЕТОДОВ ПРИ ОБУЧЕНИИ ЯЗЫКА ХИНДИ

Современными требованиями времени обусловлено использование интерактивных методов при обучении иностранному языку для обеспечения активного участие студентов и преподавателей на занятиях. Эффективность использования интерактивных методов на занятиях по обучению языку хинди наиболее отчетливо проявляется как в процессе усвоения отдельных тем, так и на этапе обобщения тематических разделов учебной программы. Такие занятия ставят перед собой конкретные цели и позволяет студентам

закрепить усвоенные знания по грамматике, морфологии, лексике, а также совершенствовать свои речевые умения и навыки на практике.

На занятиях активно используются такие разновидности интерактивного метода как: “Интервью”, “Мозговой штурм”, “Выступление на конференции”, “Групповая оценка итогов занятия”. Результативность применения этих методов проявляется в том, что студенты получают широкие возможности для самостоятельной работы, активного преодоления психологических барьеров, возникающих в ходе подготовки и проведения практических занятий.

Maral Muhammedowa
(Türkmenistan)

SÖZLEÝIŞ ETIKETI

Islendik diliň gürleýiş endikleriniň milli we medeni aýratynlyklarynyň bolşy ýaly sözleyiş endikleri hem şulardan ybarat:

1) medeniýet, halkyň oýlanmak usuly, jemgyýetçilik aň, däp-dessurlar;

2) jemgyýetiň dil aýratynlygy;

3) sosial ýagdaý we jemgyýetçilik hyzmatlary (mysal üçin, edep-terbiýe görnüşleri).

Dilde, sözleýiş endiklerinde we sözleýşiň durnukly formulalarynda, baý halk tejribesinde, däp-dessurlaryň gaýtalanmajak özboluşlylygynda, durmuşda we her bir halkyň ýaşaýyş şertlerinde görüp bolýar. Dürli etniki medeni jemgyýetler bilen sözleyiş gatnaşyklaryny ýola goýmak, dogry we takyk terjime etmek üçin sözleýiş etiket formulalarynyň milli özboluşlylygyny bilmek zerurdyr.

Ilki bilen sözleýiş edebiniň nämedigini kesgitläliň. Gepleşik etikasy belli bir ýagdaýda başga bir adam bilen aragatnaşygy nädip ýola goýmalydygyny, saklamalydygyny we kesilmelidigini düşündirýän talaplar (düzgünler, kadalar) ulgamyna aýdylýar. Sözleýiş etikasynyň kadalary dürli-dürlüdir. Her bir yurduň aragatnaşyk medeniýetiniň aýratynlyklary bar.

“Kommunikatiw aragatnaşyk düzgünlerini işläp düzmek, soň bolsa olara laýyklykda hereket etmek ýa-da olary bozmak näme üçin zerurka” diýen sorag ýüze çykyp biler. Şeýle-de bolsa sözleýiş etiketi kommunikatiw aragatnaşyk tejribesi bilen ýakyndan baglanyşykly bolup, onuň elementleri her bir kommunikasiýada gabat gelýär. Sözleýiş etikasynyň düzgünlerini berjaý etmek pikirleriňi söhbetdeşiňize başarnykly ýetirmäge, onuň bilen çalt düşünişmäge we gepleşikleri netijeli geçirmäge kömek eder.

Kommunikatiw aragatnaşyk etikasyny özleşdirmek lingwistika, psihologiýa, medeni taryhy we başgalar ýaly dürli gumanitar dersler boýunça bilim toplamagy

talap edýär. Kommunikatiw aragatnaşyk endiklerini has üstünlikli özleşdirmek üçin sözleýiş etiketiniň formulalary ýaly düşünjäni ulanýarlar.

Sözleýiş etiketiniň formulalary salamlaşmak, hoşlaşmak, minnetdarlyk bildirmek, ýazgarmak, gutlamak, gynanç bildirmek, haýyşlar etmek, makullamak, rugsat soramak, çagyrmak, ret etmek, isleg bildirmek, ötünç soramak, näletlemek we ş.m. aňlatmak üçin ulanylýan sözler we sözlemlerdir. Sözleýiş etikasynyň esasy formulalary bizde çaga wagtymyzda aňymyzda ornaşýar. Adamyň ýaşy ulaldygyça kommunikatiw aragatnaşygyň barha inçe syrlaryny öwrenýär, dürli sözleýiş we özüňi alyp barmak usullaryny özleşdirýär.

Sözleýiş etiketiniň belli bir formulalaryny saýlap almak wagt, ýer we gürleýäniň öňünde goýýan maksatlary bilen kesgitlenilýär.

Maral Muhammedova
(Turkmenistan)

SPEECH ETIQUETTE

In addition to the national and cultural characteristics of the speech of any language, speech is influenced by:

1) culture, way of thinking of the people, social consciousness, traditions;
2) linguistic affiliation of society
3) social status (for example, manners).

Speech etiquette is also manifested in speech habits and stable speech formulas, in the rich folk experience, in the uniqueness of traditions, life and living conditions of each nation. To establish speech connections with different ethnocultural communities, it is necessary to know the national uniqueness of speech etiquette formulas for correct and accurate translation.

Марал Мухаммедова
(Туркменистан)

РЕЧЕВОЙ ЭТИКЕТ

Помимо национально-культурных особенностей речи любого языка, на речь влияют:

1) культура, образ мышления народа, общественное сознание, традиции;
2) языковая принадлежность общества;
3) социальный статус (например, манеры).

Речевой этикет также проявляется в речевых привычках и устойчивых формулах речи, в богатом народном опыте, в своеобразии традиций, быта и условий жизни каждого народа. Для установления речевых связей с разными этнокультурными общностями необходимо знать национальное своеобразие формул речевого этикета для правильного и точного перевода.

Gülşirin Muhanowa
(Türkmenistan)

SÖZÜŇ GURLUŞY ÖWRENILENDE "ESAS" ADALGASYNYŇ MANYSY

Türkmen dilinde sözleriň gurluşy bilen baglanyşykly alymlaryň pikirleri bellibir ugra – sözüň çylşyrymly gurluşynyň bardygy baradaky meselä syrygýar. Bu meselä bagyşlanan ýörite ylmy-derňew işi gabat gelmese-de, dürli ýyllarda ýazylan ylmy işlerde, okuw kitaplarydyr okuw gollanmalarynda türkmen dilindäki sözleriň gurluşy bilen baglanyşykly dürli pikirler beýan edilýär. Sözüň gurluşy öwrenilende, birnäçe adalgalara gabat gelinýär. "Söz", "kök", "köküň ösüşi", "ilkinji kök", "ikinji kök", "sözüň gurluşy", "düýp söz", "sözüň esasy", "morfema", "leksik morfema", "grammatik morfema", "affiksal morfema" we beýleki birnäçe adalgalar bardyr we olar biri-biri bilen berk baglanyşyklydyr.

"Esas" – lingwistik manysynda sözüň gurluşyndaky dil birligidir. Bu söz adalga hyzmatynda "kök" adalgasynyň sinonimi hökmünde ulanylýar we "sözüň esasy", "başlangyjy", "köki" diýen leksik düşünjäni aňladýan başlangyç esas manysynda ulanylýar. Şeýle bolanda "esas" we häzirki zaman türkmen dilinde ulanylýan "asyl düýp söz" adalgasynyň manylary biri-birine gabat gelýär. "Esas" ("sözüň esasy") adalgasynyň "kök" ("sözüň köki") manysynda ulanylyşy işjeň däldir.

"Esas" – adalga hökmünde "söz ýasaýjy esas" – "ýasama düýp söz" manysynda ulanylanda, köplük manysyndadyr, ýagny bu adalganyň manysy sözüň köküni-de, söz ýasaýjy morfologik birlikleri-de öz içine alyp biler. Şeýle bolanda "esas" "söz ýasaýjy esaslar" manysyndadyr we "ýasama düýp söz" adalgasynyň manysyna gabat gelýär we gurluşy taýyndan kök we affiksal morfemalardan emele gelen (gurlan) sözler babatda ulanylmaga degişlidir. Başgaça aýdylanda, ýasama düýp sözleri emele getirýän söz bölekleri bardyr, olaryň her biri söz ýasamaga esas bolýan böleklerdir. Mysal üçin: *gurluşykçy, hoşniýetlilik* we ş.m. *Gurluşykçy – gur (düýp esas); gur+ul (-ul – ýasaýjy esas); gur+(u)l+yş (-yş ýasaýjy esas); gur+(u)l+yş+yk (-yk ýasaýjy esas); gur+(u)l+yş+yk+çy (-çy ýasaýjy esas); hoşniýetlilik – hoşniýet (düýp esas); hoş (birinji komponent)+ niýet (niýet – ikinji komponent),* gurluşy taýyndan iki sany komponentiň goşulmagyndan emele gelen, goşma söz

görnüşli esas we *hoşniýet+li* (*-li* ýasaýjy easas); *hoşniýet+li+lik* (*-lik* ýasaýjy easasdyr). Diýmek, "esas" – "düýp söz" manysynda işjeňdir.

Dilçi alymlar "esasyň" "düýp söz" adalgasy bilen manydaşdygyny tassyklaýarlar. "Üýtgediji we şekil ýasaýjy goşulmalar aýrylanda, sözden galýan bölek. ...Türkm. *gözüm, gözüň, gözi, gözümiz, gözüňiz, gözleri, göze, gözde, gözden* sözlerinde düýp söz *göz.* D.s. asyl (ýa-da ýasalmadyk) hem-de ýasama söz görnüşinde bolup biler" (J.Amansaryýew, G. Gulmanow. Lingwistik terminleriň rusça-türkmençe sprawoçnigi. – Aşgabat, 1981, 141 s.). .

"...Şular ýaly sözler häzirki wagtda sostawynda (düzüminde – G.M.) janly affiksler duýulmaýan – ýasalmadyk sözler hökmünde kabul edilýär. ...türkmen dilinde *"göz"* sözi ýasalmadyk asyl söz. Emma *gözli, gözsüz*, *gözükmek, gözemek, gözenek, gözýetim* sözleri *göz* sözünden, *gyzyl*, *gyzgyn, gyzgylt* sözleri hem *gyz* diýen kökden ýasalan düýp sözlerdir" (Agzalan iş, 141 s.).

Sözüň "esasy" bellibir leksik manyny aňladýan we mundan bu ýana üýtgemeýän bölegidir. Mysal üçin: *sekiz, güýmenje, bir, bäş, hal, çörek, ýagty, garaňky, çapaty, oraza, ogul, kaka, eje, edep, ene, alma, iýmiş, ýaz, tomus* we beýlekiler. Üýtgediji goşulmalar bilen üýtgedilen sözlerde bolsa, onuň esasy üýtgediji goşulmasyz, şekil ýasaýjysyz bölegidir. Mysal üçin: *okuwçylar → okuwçy, ýigitlerimiz → ýigit , ýaşlykdan → ýaşlyk, agaçlar → agaç, maksatlarymyzda → maksat, günlerimizden → gün, üzümçilikden → üzümçilik* we ş.m. Üýtgediji goşulmalary kabul etmedik görnüşindäki söz esasa deňdir. Bu esasy düzgündir, emma käbir kadadan çykma ýagdaýlary hem hasaba alynmalydyr. Mysal üçin:

Şekil ýaşaýjy -mak//-mek affiksler bilen gelen sözler: bilmek, görmek, saýlamak, ýetişmek we ş.m. sözüň esasy hökmünde kabul edilendir.

Goşma atlar şol duruşlaryna sözüň esasy hökmünde kesgitlenilýär: Köneürgenç, tilkiguýruk, ýüzärlik, sahypjemal, bilbag, gelinbarmak we ş.m.

Goşma sanlaryň esaslary *altmyş, ýetmiş, segsen, togsan (alty+on, ýedi+on, sekiz on, dokuz +on)* şol duruşlaryna sözüň esasy hasaplanýarlar.

Gulshirin Muhanova
(Turkmenistan)

MEANING OF THE TERM "BASE" IN THE WORD STRUCTURE STUDYING

The opinions of scientists on the definition of word structure in the Turkmen language is reduced to the problem of the complex structure of the Turkmen word. There is no monographic research on this issue, but scattered comments are found in textbooks, teaching aids and scientific articles. When studying the word structure, we have to operate with various terms such as *"word", "root", "root development",*

“primary root”, “secondary root”, “derived base”, “morpheme”, “lexical morpheme”, “grammatical morpheme”, “affixal morpheme”, “word structure”, “word base” and other closely related word components.

The base of a word is its part, without word-forming affixes, capable of having lexical meaning. For example, *penjire, guwandyryjy, diwar, diwan, pagta, agaç, gülçülik, gawun, garpyz, ir-iýmiş, ylga, kowala* and others.

Гульширин Муханова
(Туркменистан)

ЗНАЧЕНИЕ ТЕРМИНА “ОСНОВА” В ИЗУЧЕНИИ СТРУКТУРЫ СЛОВА

Мнение ученых по вопросу о структуре слова в туркменском языке сводится к проблеме о сложной структуре туркменского слова. Монографические исследования по этой проблематике отсутствует, однако разрозненные высказывания встречаются в учебниках, учебных пособиях и научных статьях. При изучении структуры слова приходится оперировать различными терминами, такими как “слово”, “корень”, “развитие корня”, “первичный корень”, “вторичный корень”, “производная основа”, “морфема”, “лексическая морфема”, “грамматическая морфема”, “аффиксальная морфема”, “структура слова”, “основа слова” и другими, тесно связанными друг с другом соответствующими составляющими слова.

Основа слова – его часть без словоизменительных аффиксов, способна иметь лексическое значение. Например, *penjire, guwandyryjy, diwar, diwan, pagta, agaç, gülçülik, gawun, garpyz, ir-iýmiş, ylga, kowala* и другие.

Toýly Muhyýew
(Türkmenistan)

ORTA ASYR MUSULMAN DÜNÝÄSINDE KERWEN ÝOLLARY

Araplar yslam ýaýramazdan öň gurak sebitlerde we çöllerde ýaşaýardylar. Bu sebitlerde söwda ýollary işjeň hereket edýärdi. Täjirler söwda maksady bilen ýola çykýardylar. Yslamyň ýaýramagy bilen söwda ýollarynyň hereket edýän çäkleri hem giňeýär. Şondan soň musulmanlar haj ybadatyny ýerine ýetirmek we dürli sebitlere ýaýran sahabalardan, olaryň şägirtlerinden ders almak üçin syýahat etmäge başlaýarlar. Halyfatyň merkezinden çykan emrleriň we permanlaryň gysga wagtda ýerlere ýetirilmegi we dürli maksatlar bilen ýola çykan syýahatçylaryň howpsyz

hem rahat ýol aşmaklary üçin ýollara aýratyn ähmiýet bermek gerekdi. Ümewileriň häkimiýeti döwründe ýollara uly ähmiýet berildi. Ümewiler döwründe halyfatyň çägindäki ýollaryň ugrunda kerwensaraýlar we ribatlar guruldy. Ýollaryň hemmesi Şamda birleşýärdi. Demirgazyk Afrikadan Orta Aziýa uzaýan ýollar hereket halyndady. Bu döwürde Balh, Buhara we Samarkant ýaly şäherler täzeden janlandylar. Apbasylar hem ümewiler ýaly ýollara uly ähmiýet berdiler. Olaryň döwründäki şaýollaryň çatrygynda Bagdat şäheri emele gelipdi. Anadola, Azerbaýjana, Orta Aziýa we Demirgazyk Afrika uzaýan ýollaryň gatnawy kesilmeýärdi.

Çäkleri barha giňeýän döwletde merkezleşdirilen dolandyryş ulgamy emele gelipdi. Halyfatyň ähli künjeginden gaýdýan ýollar Bagdada tarap gönügipdir. Emele gelen ýagdaýlar aragatnaşyk ulgamyna degişli ygtybarly ýollar, ugurlar, düşelgeler we olardaky aralyklar, ýollaryň ugrundaky ilatly punktlar barada anyk we takyk maglumatlary özünde jemleýän gollanma kitaplaryna bolan zerurlygy ýüze çykarypdyr. Şeýle gollanmalaryň ilkinjileriniň biri hem halyfatyň ähmiýetli welaýatlarynyň biriniň poçta we maglumat müdirliginiň ýolbaşçysy wezipesinde işlän Abulkasym Ubeýdylla ibn Abdylla ibn Hurdadbehiň (IX–X) “Ýollar we ýurtlar” kitabydyr.

Öz döwrüniň iň iri imperiýalarynyň biri bolan halyfatyň döwlet bähbitleri diňe öz çäklerini öwrenmek bilen kanagatlanmandyr. Beýleki döwletler barada hem takyk maglumatlary bilmek zerur bolupdyr. Ilkinji nobatda goňşy döwletler hakyndaky maglumatlar derwaýys hasaplanypdyr.

Ýurtlardan we ýollardan söhbet açýan geografik eserleriň döremeginde syýahatçylyga hem uly orun degişlidir. Syýahatçylyk halyfatyň ilkinji asyrlaryndan işjeň häsiýete eýe bolupdyr. Munuň özi halyfatyň islendik çägi bilen Mekgäniň arasyndaky hereketiň işjeňleşmegine getiripdir. Ýollar we ýurtlar, olardaky ilatlar baradaky maglumatlaryň baýlaşmagyna söwdanyň ösmegi hem özüniň oňyn täsirini ýetiripdir. Gury we deňiz ýollary boýunça hereket eden söwda kerwenleri diňe halyfatyň çäklerini birleşdirmän, eýsem, onuň çäklerinden has uzaklara çykypdyr. Söwda pudagy özüniň hereket edýän giňişligi boýunça Afrikanyň demirgazygyny, Ýewropanyň demirgazyk-gündogaryny, Aziýanyň günorta-gündogaryny öz içine alypdyr. Bu meselede ylym-bilim pudagy hem çetde durmandyr. Muhammet Pygamberiň (s.a.w.) “Ylmy sallançakdan göre çenli öwreniň” ýa-da “Ylmy Hytaýda bolsa-da öwreniň” diýen hadyslaryny amal etmek üçin ylmyň gözlegine çykan alymlaryň ägirt uly çägi gurşap alan döwletiň içindäki ylmy saparlary yslamyň irki döwürlerinden başlanypdyr. Mekge, Medine, Bagdat, Basra, Kufe, Müsür, Şam, Halap, Andalus, Kaýrawan, Rum, Yspyhan, Nyşapur, Hyrat, Balh, Fergana, Samarkant, Buhara, Gürgenç, Merw, Sarahs, Abywerd, Nusaý, Dehistan, Gürgen ýaly onlarça ýurtlarda iri ylmy ojaklar peýda bolupdyr. Bu ýurtlaryň arasynda alymlaryň dynuwsyz gatnawlary hemişe dowam edip durupdyr. Bu ýagdaýlar diňe bir geografik maglumatlaryň baýlaşmagyna getirmän, eýsem, dürli häsiýetdäki geografik ýazgylaryň we eserleriň döremegine hem giň ýol açypdyr.

Toyly Muhyyev
(Turkmenistan)

THE CARAVAN ROADS IN THE MIDDLE AGE MUSLIM WORLD

The Arabs lived in arid regions and deserts before spreading of Islam. In that region Trade Roads widely operated. Traders were acquainted with Caravan Roads and camps along it. After spreading of Islam borders of Caravan Roads were expanded. The Muslims began to travel for observing hajj and to take lessons from prophets. It was necessary to pay special attention to roads for safely achieving edicts and judgments from the centre of Caliphates to intended destination. The capital of the Caliphates, Sham was situated on the crossing roads. The Roads from North Africa to the Middle Asia were in use at that period. Balkh, Bukhara and Samarkand were re-established at that time. During the Umayyads period the caravansaries and ribats were built on the main roads for comfortable travelling. The Caravan Roads were very important for Abbasids the same as Umayyads. That period Bagdat was the centre of the main roads. The caravansaries, ribats and post stations were built for travelers along the roads to Middle Asia and North Africa.

Тойлы Мухиев
(Туркменистан)

КАРАВАННЫЕ ДОРОГИ В СРЕДНЕВЕКОВОМ МУСУЛЬМАНСКОМ МИРЕ

До распространения ислама арабы жили в засушливых районах и пустынях. В этих регионах широко действовали торговые дороги. Торговцам были хорошо знакомлы караванные дороги и стоянки вдоль них. С распространением ислама границы караванных дорог были расширены. Мусульмане начали путешествовать для совершения хаджа и брать уроки у сахабов (сподвижники пророка Мухаммеда). Необходимо было уделить особое внимание дорогам для безопасной доставки указов и постановлений из центра халифата к месту назначения. Столица халифатов Шам располагалась на пересечении дорог. В тот период использовались дороги из Северной Африки в Среднюю Азию. В это время были восстановлены Балх, Бухара и Самарканд. В период Омейядов на главных дорогах строились караван-сараи и рибаты для комфортного путешествия. Караванные пути имели для

Аббасидов такое же большое значение, как и для Омейядов. В тот период Багдад располагался на перекрёстке главных дорог. Караван-сараи, рибаты и почтовые станции строились для путешественников вдоль дорог в Среднюю Азию и Северную Африку.

Gurbangül Myradowa
(Türkmenistan)

TÜRKMEN DILINDE SANLY ULGAM BILEN BAGLANYŞYKLY ADALGALARYŇ MANY-GURLUŞ AÝRATYNLYKLARY

Türkmen dilinde sanly ulgam bilen baglanyşykly dörän adalgalar häsiýetli many-gurluş aýratynlygy bilen tapawutlanýar. Bu gatlaga degişli adalgalaryň adaty sözden funksional aýratynlygy göz öňünde tutulyp, oňa bu mesele bilen düýpli meşgullanan awtorlaryň işinde berilýän "Adalga – bu aýratyn, tapawutly bir söz däl, ol diňe öz funksiýasy (ýerine ýetirýän hyzmaty, ulanylyşy) taýyndan tapawutlanýar. Onuň sözdäki özboluşly hyzmaty – bu atlandyrmak hyzmaty. Muňa garamazdan ylmy-nazary adalga, ilki bilen düşünjäniň atlandyrylyşydyr" kesgitlemeden ugur almak maksada laýykdyr.

Adalgalaryň leksika-semantik we grammatik häsiýetnamasy öwrenilende olaryň biri-biri bilen aýrylmaz baglylykda ýüze çykýandygy mälim bolýar. Şoňa laýyklykda, olaryň "1. Söz – adalga: 1) (gen, disk, ton); 2) goşulmar arkaly ýasalan adalgalar (tonal, şokly): 3) goşma söz görnüşinde ýasalan adalgalar (awtopilot, reanimobil, biotoklar, golografiýa); 4) abbrewiatura görnüşinde ýasalan adalgalar (çebe "ak-gara şekilli (reňkli) telewizor, kpd, lazer") ýaly gurluş tipleriniň bardygyny bellemek bolar.

Türkmen dilinde özboluşly bir adalga ulgamyny emele getirýän sanly ulgam bilen baglanyşykly adalgalar, gurluş taýdan söz we söz düzümi görnüşinde duş gelýär.

Söz görnüşinde ulanylýan adalgalar diňe bir sözden ybarat bolýar.Mysal üçin, Legion [legion] – goralmaýan maglumatlary ýüze çykarmak üçin programma üpjünçiligi. Host [host] – internetdäki beýleki kompýuterlere doly ikitaraplaýyn aralaşyp bilýän dürli kompýuter. Bir ýa-da birnäçe web-saýtlary üçin sahypalara hyzmat edýän web-serwerli kompýuter. Hab [hub] – konsentrator, bu bir portdan ähli beýleki portlar üçin alýan maglumatlaryny gaýtalap işleýän torly gurluş. Filtr [filter] – filtr haýsy paketleriň ulanylmaly ýa-da ulanylmaly däldigini kesgitlemek üçin peýdalanylýar.

Getirilen mysallardan görnüşi ýaly, bir sözden durýan adalgalaryň orfoepik taýdan doly özleşdirilmedik görnüşleri transkripsiýa bilen üpjün edilýär. Olaryň az bolmadyk bölegini anyk bir predmet manysy bolan sözler-adalgalar däl-de, köplenç, düşünje, ýagdaý aňladýanlary getirilýär. Bu, elbetde, adalgadan edilýän talaplaryň birine – manynyň anyk bolmagyna dogry gelmeýär. Şeýle-de bolsa, şol düşünje, ýagdaý aňladýan söz tema degişli belli bir düşünjäni atlandyrýandygyny bellemek zerur.

Söz düzümi görnüşindäki adalgalar: 1) söz düzüminiň agzalaryny böleklere bölüp bolýan adalgalar (kibernetiki ulgam, elektron-hasaplaýyş maşyny, turbolent tüweleýi): 2) söz düzüminiň agzalaryny böleklere bölüp bolmaýan adalgalar (arassa ideýa, öli nokat, öz içiňdäki zat). Agzalaryny böleklere bölüp bolýan adalgalar hem, öz gezeginde, agzalaryň özara baglanyşygy erkin we erkin bolmadyk toparlara bölünýär. Erkin söz düzümlerinde her bir agza adalga bolup durýar we ikitaraplaýyn gatnaşyga girip bilýär. Agzalaryň baglanyşygy erkin bolmadyk söz düzümlerinde (stres ýagdaý) agzalaryň biri adalga bolman bilýär (ýakymly emosiýa, erbet emosiýa, tersine baglanyşyk (gatnaşyk) we ş.m.). Agzalaryň baglanyşygy erkin bolmadyk söz düzümlerinde adalga-frazeologizmler hem degişlidir: süri refleksi, gorag reaksiýasy, iýmitlendiriş gurşawy, merkezi beýni. Söz düzümi görnüşinde gelen bu adalgalar, belli bir derejede, şertlidir. Olaryň toparlarynyň azda-kände anyk çäklendirilişini diňe terminologik ulgamda kesgitlemek mümkin”.

Çylşyrymly gurluşly adalgalar, esasan, çylşyrymly söz düzüminden durýar. Olaryň gurluş taýdan üç we ondan hem köp sözlerden durýandygyny aşakdaky ýagdaýlar bilen düşündirmek bolar:

1) Türkmen dilinde sanly ulgam bilen baglanyşykly düşünjeleriň çylşyrymlylygy.

2) Olar dörän ýa-da alnan dilinde olaryň adalga hökmünde doly ornaşan, özleşdirilen hem bolsa, türkmen dilinde adalgalaşmak prosesini doly tamamlamandygy.

3) Bu leksik gatlaga degişli düşünjeleriň öň ulanylyşda ýokdugy ýa-da täze döredilendigi.

4) Sanly ulgam bilen baglanyşykly ulanylyşy geçen adalgalaryň, aglaba, kadalaşdyrylandygy.

5) Olaryň hünär leksikasy hökmünde ulanylyşynyň işjeňleşmegi netijesinde gurluş taýdan durnuklaşmagynyň mümkindigi we ş.m.

Gurbangul Myradova
(Turkmenistan)

SEMANTIC – STRUCTURAL PECULIARITIES OF THE ERM RELATED TO DIGITAL SYSTEM IN THE TURKMEN LANGUAGE

In the Turkmen language, the terms related to the digital system are distinguished by their semantic structure. When the lexical-semantic and grammatical characteristics of the terms are studied, it becomes clear that they appear inseparable connections with each other. Accordingly, they can be divided as followings; 1. Word and term: gen, disk, ton (gene, disc, tone); 2. Terms formed with the help of suffixes: tonal, shokly (tonal, with shock): 3) terms formed in the form of compound words: awtopilot, reanimobil, biotoklar, golografiya (autopilot, reanimobile, biotoks, holography); 4) It should be noted that there are terms formed as acronyms: chebe, telewizor, kdp, lazer (chebe "black and white (color) television, kpd, laser").

The terms related to the digital system which form a unique term system in the Turkmen language are structurally found in the form of words and phrases.

Гурбангуль Мырадова
(Туркменистан)

СТРУКТУРНО-СЕМАНТИЧЕСКИЕ ОСОБЕННОСТИ ТЕРМИНОВ ТУРКМЕНСКОГО ЯЗЫКА, СВЯЗАННЫХ С ЦИФРОВОЙ СИСТЕМОЙ

Связанные с цифровой системой термины в туркменском языке выделяются характерными структурно-семантическими особенностями. При изучении лексико-семантических и грамматических особенностей данных терминов становится очевидной их неразрывная связь друг с другом. Они представлены различными типами структур: 1. Слово-термин: 1) (gen, disk, ton – ген, диск, тон); 2) термины, образованные аффиксацией (tonal, şokly – тональный, шоковый); 3) термины, образованные сложением (awtopilot, reanimobil, biotoklar, golografiýa – автопилот, реанимобиль, биотоки, голография); 4) термины, образованные аббревиацией (çebe "ak-gara şekilli (reňkli) telewizor, kpd, lazer" – чб "телевизор с черно-белым (цветным) изображением, кпд, лазер").

Термины, связанные с цифровой системой, образующей в туркменском языке своеобразную терминологическую систему, по структуре бывают в форме слова и словосочетания.

Täjigül Myradowa
(Türkmenistan)

GÜNDOGAR EDEBIÝATYNDA ABDYLLA MÜBÄREGIŇ YNSANPERWER GARAÝYŞLARY

Alym Arkadagymyz ylymda yz goýan meşhur ata-babalarymyzyň ylmy we edebi miraslaryny häzirki döwrüň talabyna laýyklykda öwrenmäge, halka ýetirmäge borçlandyrýar.

Taryhyň çuňlugyndan albaý bulaýan bu hakykaty Merwli alym Abdylla Mübäregiň galdyran mirasyny hasaba alan halatymyz-da doly delillendirip bileris.

Ýaşlykda Abdylla Mübärek ylmyň dürli ugurlaryny öwrenmek üçin Gündogaryň meşhur ylmy merkezleri bolan Basrada, Hijazda, Ýemende, Müsürde, Şamda we Yrakda bilim alypdyr. Biz Milli Liderimiziň "Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi" atly kitabyny okan halatymyz Abdylla Mübäregiň hem şol Ýüpek ýolunyň ugry bilen ýol söküp, öz ylmyny artdyrandygy hakynda-da oýlanýarys. Ýeri gelende bellesek, Mahmyt Zamahşarynyň "Ýagşyzadalaryň bahary" atly eserinde şeýle hekaýat edilýär: "Abdylla ibn Mübärek sapara gitmäge ýol harajatyny tutýar. Ondan: "Nirä ýollanýarsyň?" diýip soranlarynda, ol: "Basra, ibn Awndan ylym we edep öwrenmäge". diýip jogap berýär".

Ibn Kesiriň "Al-bidaýe wen-nihaýe" atly kitabynda şeýle gürrüň berlipdir:"Merwli alym Abdylla Mübärek haj zyýaratyna etmek üçin ýola düşdi. Ol köp ýollary sökdi. Onuň ýanynda bir guşy bardy, guş bir obanyň deňinden geçip barýarka jan berdi. Abdylla Mübärek gyssanmaç gidip baransoň guşjagazy ýoldan çetiräk bir gyrada goýmagy öz ýanyndaky hyzmatkärine tabşyrdy. Ine, şol pursat obanyň gyrasyndaky öýleriň birinden bir gyzjagaz çykyp goýlan guşy garbap aldy. Muny gören Abdylla Mübärek ol gyzjagazyň ýanyna baryp ony näme etjegini sorapdyr. Gyzjagaz: "Diňe ejesi bilen bolýandygyny öň baý bolanam bolsa, indi ýetimlikde, garyp günde ýaşaýandyklaryny" gürrüň berip şujagaz guşy iýmeseler başga iýere zatlarynyň ýokdugyny aýtdy. Abdylla Mübärek eneli-gyzyň agyr gününe ýüregi gyýylyp hyzmatkärine goşlaryny yza dolamaklygy buýurdy we ondan: "Bizde näçe pul bar?" diýip sorady. Ol: "Müň dirhem bar" diýip jogap berdi. Abdylla oňa: "Pulumyzyň dokuz ýüz segsen dirhemini bu gyza ber. Ýigrimi dirhem bize yzymyza Merwe öýe barýançak ýeterlik bolar. Mätäje ýardam bermeklik

Allatagalanyň dergähinde biziň şu ýylky etjek hajymyzdan sogaplyrak bolar” diýdi. Ol dokuz ýüz segsen dirhemi ol gyza berdi we özüne diňe ýigrimi dirhemi alyp galdy. Onsoň ol bu ýerden yzyna Merwe döndi we bu ýyl haja gitmedi”. Ine, şu hekaýatam akyldaryň ynsanperwer garaýşyndan we onuň ahlak-etiki kämilliginden habar berýär. Alym hemme adamzadyň kalbynda ynsanperwer häsiýetleriň bolmagyny isläpdir. Şonuň üçün hem, onuň döreden eserleriniň agramly bölegi adamkärçilik, kiçi göwünlilik, ejize hemaýat bermeklik ýaly ideýalara ýugrulypdyr. Abdylla Mübäregiň bu garaýşy Beýik söz ussady Magtymguly Pyragynyň “Gökje kepderi” poemasy bilen mazmun taýdan ugurdaşdyr. Pyragynyň bu poemasynda-da: ”Hezreti Alynyň ýanyna bir kepderi uçup gelýär-de, kömek soraýar. Kepderi çagalaryna iým gözläp çykan wagty yzyndan laçynyň kowalandygyny gürrüň berip, Hezreti Alynyň laçyndan özüni halas etmegini soraýar, Hezreti Aly kepderini gizlän wagty, uçup gelen laçyn öz awunyň berilmegini talap edýär. Emma Hezreti Aly kepderä derek laçyna öz etinden kesip bermekçi bolup, eline hanjary alanda, laçyn ony saklaýar-da, özleriniň laçyn we kepderi sypatynda, Hezreti Alyny synap görmek üçin gelen perişdelerdigini aýdyp, asmana uçup gidýärler”.

Şahyryň bu ynsanperwer ýörelgesiniň özünden soňky söz ussatlary tarapyndan ösdürilmegi bolsa bu ündewiň adamzat ähline ýaramly, hemişelik ündewliginden habar berýär. Mysal üçin, Gündogaryň beýik akyldary Omar Haýýam “Dem barka, tapanyň dostlar bilen iý, Ölseň duşman iýer, şony sal ýada” diýip Abdylla Mübäregiň pikirini goldan bolsa, Beýik Magtymguly Pyragynyň “Keçdir, ýaranlar” atly goşgusynda: “Saýa bolar, bir mätäje nan berseň, Bir ajy doýurmak haçdyr ýaranlar” diýmek bilen söz ussadynyň bu pikirini has-da ösdürip, oňa millilik ruhy çaýylypdyr.

Tajigul Myradova
(Turkmenistan)

HUMANISTIC VIEWS OF ABDULLAH MUBAREK IN ORIENTAL LITERATURE

Our scientist Arkadag obliges us to study according to modern requirements and provide the people with the scientific and literary heritage of our famous ancestors who left their mark.

This truth, sounding from the depths of history, can be fully substantiated by studying the legacy of the scientist Abdullah Mubarek, who lived in Merv.

Once a scholar, while performing Hajj, met a helpless orphan girl. He, regretting the condition of the girl, decided to give her the available dirhams, return back and said: “Probably, helping the needy will be a much better boon than doing

the Hajj this year". The development of this humanistic principle of the poet by subsequent masters of the word shows that this teaching is eternal for all mankind. For example, the great thinker Omar Hayyam, having said that during life one should share with friends what one has, after death what one has can become the prey of the enemy, supported the idea of Abdullah Mubarek. The great Magtymguly Pyragy in the poem "Viciliacities, friends" said that if you give bread to a needy person, it will become kinder to you, feeding the hungry will become your hajj (good deed), and thereby developed the idea of the master of the word and colored it with the spirit of eternity.

Таджигуль Мурадова
(Туркменистан)

ГУМАНИСТИЧЕСКИЕ ВЗГЛЯДЫ АБДЫЛЛА МУБАРЕКА В ВОСТОЧНОЙ ЛИТЕРАТУРЕ

Наш ученый Аркадаг в своих трудах предоставляет народу множество ценных научных данных о и литературном наследии наших знаменитых предков, оставивших свой след.

Это можно проследит на примере изучения наследия ученого Абдыллы Мубарека, проживавшего в Мерве.

Однажды ученому совершавшего хадж, повстречалась беспомощная девочка – сиротка. Он, девочку, решил отдать ей имеющиеся дирхемы и возвратиться домой он сказал: "Наверное, оказание помощи нуждающемуся будет намного лучшим благодеянием, чем совершения хаджа в этом году". Развитие этого гуманистического принципа поэта последующими мастерами слова показывает, что это поучение является вечным для всего человечества. Например, великий мыслитель Омар Хайям, поведав, что при жизни надо делится с друзьями тем, что имеешь, т.к. после смерти имеющееся может стать добычей врага, таким образом поддержав идею Абдыллы Мубарека. Великий Махтумкулы в стихотворении "Превратности, друзья" говорит, что если дашь хлеб нуждающемуся человеку, он станет добрее к тебе, накормить голодного – это станет твоим хаджем (благодеянием). Поэт в этом произведении развил идею мастера слова Абдыллы Мубарека, окрасив её духом вечности.

Baba Myratberdiýew, Sähet Kuliýew
(Türkmenistan)

KÄMILLEŞDIRIJI BILIM GURŞAWY – DIL ÖWRENMÄGE BADALGA

Hünär ugry dil öwrenmek bilen bagly bolmadyk tehniki ugurly ýokary okuw mekdeplerinde hünär ugrundan dil taýýarlygynyň meselesini ýörite öwrenen alymlar bäş sany dürli kanunalaýyklygy kesgitleýärler. Olara maksat, mazmun, guramaçylyk, netijelilik we psihologik häsiýetli kanunalaýyklyklar degişlidir. Şeýle hem, talyplara daşary ýurt dili öwredilende obýektiw hem subýektiw gapma-garşylyklaryň gabat gelýändigini alymlar belleýärler.

Bilim gurşawynyň ösüşiniň häzirki tapgyrynda talyplaryň taýýarlygy birnäçe ýörelgä daýanýar. Umumy didaktik ýörelgelere:

– maksada okgunlylygy;

– ylmylygy;

– toparlaýyn hem ýekebara işiň ýokary derejedäki sazlaşygyny;

– öwrenijiniň şahsyýetiniň dürli taraplaýyn ösdürmäge gönükdirilendigi degişli etmek bolar.

Hususy didaktiki ýörelgeler hökmünde:

– öň öwrenilen maglumatlar bilen täze materiallaryň yzygiderli integrirlemegini;

– daşary ýurt dilinde öwrenilen sözleriň, grammatiki kadalaryň, öwrenilen leksiki birlikleriň ulgamlaýyn tertibe getirilip gaýtalanyp durulmagyny;

– aragatnaşyga girýän taraplaryň dürli derejedäki guramaçylyk-didaktiki gurluşlarynyň integrirlenmegini gazanmagy;

– daşary ýurt dilinde öwrenilen dil maglumatlarynyň özleşdirilişiniň hiline hünär başarnyklary nukdaýnazaryndan gözegçiligi aşyrmagy bellemek bolar.

Döwrümiziň tehniki ýokary okuw mekdepleriniň şertlerinde we olaryň öňünde duran wezipeleriň nukdaýnazaryndan umumy bilim gurşawynyň däl-de, eýsem integrirlenen-kämilleşdiriji bilim gurşawy barada gürrüň etmek has ýerliklidir. Şeýle bilim gurşawy ýokary okuw mekdebiniň özüne mahsus bolan dil öwrediş giňişligini häsiýetlendirýän şertleri hem ýagdaýlary jemleýän bitewi ulgamy bolup, onda talyplaryň ýokary derejedäki başarnyklaryny we höweslenmelerini emele getirmek maksady bilen şahsyýetleriň (talyplaryň) arasynda dürli gatnaşyklary amala aşyrylýar.

Talyplara hünär ugrundan dil öwretmekde emele getirilýän integrirlenen-kämilleşdiriji bilim gurşawy aşakdakylar bilen häsiýetlendirilýär.

Ilkinji nobatda talybyň daşary ýurt dilinde aragatnaşyk saklamak başarnygyny emele getirmegiň maksady kesgitlenmegi. Bu maksada ýetmek üçin ýokary okuw mekdebiniň öňünde:

– talyplara daşary ýurt dilini öwretmegiň nazary we amaly meseleleri boýunça toparlaýyn hem ýekebara ylmy-barlag işlerini alyp barmak;

– talyplaryň daşary ýurt dilindäki taýýarlygyny Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan tassyklanan Döwlet standartlaryna we ýaş hünärmenleriň geljekki iş ýerlerinde edilýän talaplara laýyklykda meýilleşdirilmek hem amala aşyrmak;

– talyplara daşary ýurt dillerini öwretmekde olaryň pikirleniş, işe döredijilikli çemeleşmek ukyplaryny, ýadyny, şeýle hem kommunikatiw başarnyklaryny ösdürmäge hyzmat edip biljek usullardan hem serişdelerden peýdalanmak;

– dili öwrenilýän halkyň taryhyna we medeniýetine gyzyklanmagyň netijesinde talyplaryň dili öwrenmäge höwesini artdyrmak boýunça maksada gönükdirilen iş alyp barmak;

– ýokary okuw mekdebinde talybyň özüniň dil öwrenmek ukyplaryny we öwrenilýän dili hünär ugrunda ulanmak başarnygyny kämilleşdirmäge gönükdirilen işi yzygiderli dowam etmek wezipeleri durýar.

Ikinjiden, daşary ýurt dilini öwretmegiň takyk şertde netijeli boljak usullarynyň we görnüşleriniň kesgitlenmegi. Takyk şertleri diýip mugallymyň başarnygyna, talyplaryň taýýarlygyna (zerur bolsa, bir toparda okaýan talyplaryň taýýarlygynyň arasyndaky tapawudy hem göz öňünde tutup), ýokary okuw mekdebiniň multimedia serişdeleri bilen üpjünçiligine, dil öwredýän mugallymlaryň öňdebaryjy dünýä tejribesini öz iş tejribesinde ulanmak başarnygyna, yokary okuw mekdebinde emele gelen bilim beriş-dil öwreniş gurşawyna we şol mekdebiň dünýä bilim beriş gurşawyna aralaşyş derejesine, şeýle hem dil öwrenmäge täsir edýän beýleki ýagdaýlara düşünmek bolar.

Baba Myratberdiyev, Sahat Kuliyev
(Turkmenistan)

INTEGRATION EDUCATIONAL SPACE – AN INCENTIVE FOR LEARNING LANGUAGES

In the article the issues of the influence of the integration educational process on teaching students to the language on their specialty is discussed. During the teaching of students to the language on specialty, the teacher should strive to achieve the relationship of communicative, linguistic, socio-cultural forms of education, take into account the skills and abilities of future specialists, their desire to improve knowledge.

Teaching students to the language on specialty, the integration educational environment sets the main goal of the ability of future specialists to navigate in the information space. The article indicates the methods and conditions for achieving the goal.

In this regard, it can be noted that the presence of goals, responsibilities, patterns, contradictions, methods and conditions of control contribute to increasing the level of students' knowledge when teaching to the language on specialty.

Баба Мыратбердыев, Сахат Кулиев
(Туркменистан)

ИНТЕГРАЦИОННОЕ УЧЕБНОЕ ПРОСТРАНСТВО – СТИМУЛ В ИЗУЧЕНИИ ЯЗЫКОВ

В данной статье рассматриваются вопросы влияния интеграционного учебного процесса на обучение студентов языку специальности. При обучении студентов языку специальности преподаватель должен стремиться достичь взаимосвязи коммуникативных, лингвистических, социокультурных форм обучения, учитывать умения и навыки будущих специалистов, их стремление к совершенствованию знаний.

Обучения студентов языку специальности, интеграционная образовательная среда ставит основной целью умение будущих специалистов ориентироваться в информационном пространстве. В роботе указаны методы и условия достижения поставленной цели.

В связи с этим можно отметить, что наличие целей, обязанностей, закономерностей, противоречий, методов и условий контроля способствуют повышению уровня знаний студентов при обучении языку специальности.

Enejan Nazarowa
(Türkmenistan)

TÜRKMENISTANYŇ YLYMLAR AKADEMIÝASYNYŇ TARYH WE ARHEOLOGIÝA INSTITUTYNYŇ ARHEOLOGIK – ETNOGRAFIK MUZEÝINDÄKI SAKLANYLÝAN GYMMATLYKLAR

Türkmenistanyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedowyň “Dünýäniň hiç bir döwleti hem muzeýsiz, halkyň taryhy geçmişi baradaky gymmatly maglumatlary bir ýerde jemleýän mirashanalarsyz oňup bilmeýär. Bu özboluşly hakykat hazynalary halkyň asylly ýolunyň, medeniýetiniň we sungatynyň, toplan ylmynyň, döreden ruhy gymmatlyklarynyň genji-hazynasydyr” (Gurbanguly Berdimuhamedowyň “Ösüşiň täze belentliklerine tarap”. Saýlanan eserler. I – tom. Aşgabat. 2008 ý.) diýip belleýşi ýaly, milli mirasymyzy gorap saklamakda we olary öwrenmekde muzeýleriň tutýan orny örän uludyr.

Türkmenistanyň Ylymlar Akademiýasynyň Taryh we arheologiýa institutynyň arheologik-etnografik muzeýinde saklanýan gymmatlyklar dürli döwürlere

degişlidir. Olardan Türkmenistanyň çäkerinde dowam eden Jeýtun medeniýetiniň keramika önümleriniň umumylyklary we aýratynlyklary öwrenilmäge mynasypdyr.

Neolit zamanynda Jeýtun medeniýetiniň keramiki önümleri öndürlende toýun inçeden uzyn edilipdir welenta görnüşinde böleklere bölünipdir. Olary biri-biriniň üstünden ýelmäp, gerek bolan gaby ýasapdyrlar. Soňundan gabyň içi we daşy endiganlanypdyr. Endiganlanan gaplary günüň gyzgynlygyna guradypdyrlar we ýylmapdyrlar. Soňundan gaplara nagyş çekipdirler. Olaryň, esasan, gödek ýasalan galyň diwarlary bolup, otda doly ýakylmandyr, palçygynyň düzümine bolsa,owradylan saman goşulypdyr.

Jeýtun medeniýetiniň irki döwrüne degişli keramika önümleriň kämil görnüşinde ýüzi ýylmanyp,angoba bilen örtülipdir we nagyşlanan bolupdyr. Jeýtun keramikasynyň nagyşlarynyň esasy görnüşlerine:tolkun, kese we dik çyzykgörnüşli, ýaý we gözenek şekilindäki, seýrek ýagdaýda bolsa üçburçluk şekilindäki nagyşlar degişlidir. Şeýle keramika önümler Jeýtun, Çopandepe, Pessejikdepe, Çagyllydepe ýaly ýädygärliklerden ýüze çykarylypdyr.

TYA-nyň Taryh we arheologiýa institutynyň muzeýinde saklanylýan gymmatlykarymyzyň birnäçesi sergi zalymyzda ýerleşdirilen. Häzirki wagtda şeýle gymmatlyklarymyzy elektron görnüşine geçirmek işi dowam etdirilýär.

Enejan Nazarova
(Turkmenistan)

THE VALUABLE FINDS KEPT IN THE ARCHAEOLOGICAL AND ETHNOGRAPHIC MUSEUM OF THE INSTITUTE OF HISTORY AND ARCHAEOLOGY OF THE ACADEMY OF SCIENCES OF TURKMENISTAN

The valuable finds related to the different periods of history of our country are kept in the archaeological-ethnographic museum of the Institute of History and Archeology of the Academy of Sciences of Turkmenistan. The ceramic products of the Jeytun culture attract special attention in the exposition.

The main types of patterns on Jeytun ceramics include wave, zigzag and vertical lines, bow-shaped patterns, and rarely triangular patterns. Such ceramic products were found out from Chopan-depe, Pessejik-depe, Chagylly-depe.

Энеджан Назарова
(Туркменистан)

ЦЕННЫЕ НАХОДКИ, ХРАНЯЩИЕСЯ В АРХЕОЛОГО-ЭТНОГРАФИЧЕСКОМ МУЗЕЕ ИНСТИТУТА ИСТОРИИ И АРХЕОЛОГИИ АКАДЕМИИ НАУК ТУРКМЕНИСТАНА

В археолого-этнографическом музее Института истории и архелогии АНТ хранятся ценные находки, относящиеся к различным периодам истории нашей страны. Особое внимание в экспозиции привлекают керамические изделия, относящиеся к Джейтунской культуре.

К основным типам узоров на джейтунской керамике относятся волнистые, зигзагообразные и вертикальные линии, дугообразные и реже треугольные. Подобные керамические изделия были обнаружены также на археологических памятниках Чопан-депе, Песседжик-депе, Чагылы-депе.

Merdan Nepesow
(Türkmenistan)

HALK MASLAHATY – HALK HÄKIMIÝETINIŇ ÝOKARY WEKILÇILIKLI EDARASY

Taryhyň irki döwürlerinden bäri, türkmen halky durmuşyň möhüm meselelerini köpçülik bilen maslahatlaşyp, sala salyp çözüpdir. Halk Maslahaty milli demokratiýanyň taryhy taýdan emele gelen görnüşi bolup, döwür bilen nesilleriň aýrylmaz arabaglanyşygyny, Garaşsyz, Bitarap döwletimiziň hakyky halk häkimiýetiniň gadymdan gelýän däplerine, saýlap alan parahatçylyk we döredijilik ýoluna ygrarlydygynyň görkezjisidir. Halk Maslahatynda XXI asyrda emele gelen döwrebap ýagdaýlar, demokratiýanyň taryhy formalarynyň utgaşmagyna esaslanan milli demokratiýanyň häzirki zaman nusgasy durýar. Türkmen halkynyň asyrlaryň synagyndan geçen egsilmez taryhy, mirasy, durmuş tejribesi häzirki döwürde syýasy tejribäniň, demokratik ýol-ýörelgeleriň esasynda kämilleşýän türkmen demokratiýasy hukuk döwletiniň gymmatlyklaryny özleşdirmäge we ösdürmäge ukyplydygyny aýdyň görkezýär.

Ata-babalarymyz ýaşuly nesle, halka sala salmak, geňeş etmek ýaly asylly ýörelgeleri agzybirligiň we abadançylygyň synmaz sütüni hasaplaýar. Türkmen halky islendik işiň başyny başlanda, ilki bilen, ýaşuly nesliň wekillerine sala salyp, olar bilen maslahatlaşypdyr. Gahryman Arkadagymyz ýaşulular bilen maslahatlaşmagyň ähmiýeti hakynda şeýle belleýär: “Baý durmuş tejribesini toplan

parasatly ýaşulularymyzyň, maşgala ojagynyň daýanjy bolan mährem enelerimiziň Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň häzirki we geljekki üstünlikleriniň hatyrasyna döredijilikli zähmet çekmek hakyndaky ündewleri, hoşniýetlilik we myhmansöýerlik, watansöýüjilik hem-de ynsanperwerlik, ynsaplylyk hakyndaky nesihatlary agzybirligimiziň we jebisligimiziň gözbaşydyr. Watany, halky söýmegiň, dostluga, birek-birege hormat goýmagyň beýik mekdebidir".

Türkmen halkynyň taryhynda, durmuşynda möhüm meselelerine bagyşlanyp geçirilen halk ýygnaklary – geňeşleri ara alyp maslahatlaşmak arkaly karar kabul etmek hukugyna eýe bolupdyr. Türkmen jemgyýetinde maslahatlar we geňeşler ýurdy dolandyrmagyň wajyp guraly bolup hyzmat edipdir. Türkmen taryhynda halk bilen geňeşmek däbi "toý", "geňeş" we "gurultaý" atlary bilen meşhur bolupdyr. "Toý" sözi döwlet mejlisi, hökümet ýygnagy diýen manyny hem beripdir.

Hun türkmen döwletiniň hökümdary Mete hanyň döwründe ýylda üç sapar geçirilýän ýörite maslahatlar bolupdyr. Bu maslahatlarda döwletiň ykbaly bilen bagly möhüm meseleler ara alnyp maslahatlaşylypdyr hem-de kararlar kabul edilipdir. Ýewropa Hun döwletiniň görnükli hökümdary Atillanyň döwründe 448-nji ýylda Wizantiýa döwletiniň ilçiler toparynyň düzüminde Ýewropa Hun döwletiniň paýtagtyna gelen taryhçy Priskos bu döwletde syýasy, ykdysady, harby meseleleri ara alyp geňeşýän mejlisiň bolandygyny belläp geçýär.

Göktürkmen döwletinde her ýylyň bahar paslynda döwletiň syýasy, ykdysady, medeni, harby meseleleri bilen baglanyşykly döwlet maslahaty geçirilipdir. Bu maslahata döwletiň hökümdary – kagan ýolbaşçylyk edipdir. Ýaz paslynda geçirilen bu döwlet maslahaty bahar baýramy bilen utgaşyp, uly dabara beslenipdir.

Beýik Seljuk döwletinde hem döwletiň ykbaly bilen baglanyşykly meseleleri maslahatlaşýan "maslahat diwany" hereket edipdir. Her bir işi maslahatlaşyp, geňeşip çözmegiň ähmiýeti barada Beýik Seljuk döwletiniň weziri Nyzam al Mülk "Syýasatnama" eserinde şeýle belleýär: "Mejlis-maslahatlary geçirip durmak oýlanyşyklylygyň, pähim-paýhasyň we ätiýaçlylygyň nyşanydyr. ... Karara, döwletli bir netijä hemmeleriň akyl paýhaslary bir ýere jemlenende gelinýär".

Merdan Nepesov
(Turkmenistan)

PEOPLE`S COUNCIL – THE SUPREME REPRESENTATIVE BODY OF THE PEOPLE'S POWER

The Turkmen people consider the noble principles of the older generation, the referendum and the conference as an indestructible pillar of unity and prosperity. When our ancestors started any work, they first of all consulted the older generation.

In the Turkmen society, consultations and advice served as an important tool for governing the country. During the reign of Mete Han, the ruler of the Hun Turkmen state, special meetings were held three times a year. At these meetings, important issues related to the destiny of the state were discussed and relevant decisions were made.

Мердан Непесов
(Туркменистан)

ХАЛК МАСЛАХАТЫ – ВЫСШИЙ ПРЕДСТАВИТЕЛЬНЫЙ ОРГАН НАРОДНОЙ ВЛАСТИ

Нерушимой опорой единства и процветания туркменского народа в современную эпоху являются выработанные предками туркмен в течение многих столетий благородные принципы, а также формы общественного волеизъявления, такие как референдум, народные советы.

В туркменском обществе народные советы, совещания служили важным инструментом управления страной. Во времена правления Мете хана, правителя Туркменского государства гуннов, три раза в год проводились специальные общественные совещание, на которых обсуждались вопросы государственного значения.

Atageldi Nepesow
(Türkmenistan)

TÜRKMENISTANYŇ BMG “DURNUKLY ÖSÜŞ MAKSATNAMASY” BOÝUNÇA HYZMATDAŞLYGY

Türkmenistanyň daşary syýasatynyň möhüm ugry BMG “Durnukly ösüş Maksatnamasy” boýunça hyzmatdaşlygy bolmagy bilen baglanyşykly ugurlar ýurdumyzyň durmuşynda möhüm orny eýeleýär. Türmenistanyň teklipleri boýunça BMG–yň kararnamalaryň yzygiderli kabul edilmegi we durmuşa ornaşdyrylmagy ýurdumyzyň halkara derejesindäki abraýynyň artmagyna ýardam berýändigini subut edýär. Ýakynda bolsa Türkmenistanyň teklibi boýunça 2025-nji ýylyň “Parahatçylygyň we ynanyşmagyň ýyly” diýlip yglan edilmegi ýurdumyz tarapyndan hödürlenen teklipleriň 26-sy bolandygyny bellemek gerek.

BMG “Durnukly ösüş Maksatnamasy” strategiýasynyň 2015-nji ýylda kabul edilmegi bilen soňky döwür üçin ösüş babatdaky 17 global maksady we 169 wezipäni özünde jemleýändigi bellärliklidir. BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan

kabul edilen bu Maksatnama ýurtlaryň we halklaryň ykdysadyýet, durmuş we ekologiýa babatda durnukly ösüşi gazanmaga bolan aýgytly gadamlaryny kesgitläp bu möhüm strategiýanyň esasy häsiýetlerine öwrüldi. Ýöne biziň döwletimiziň işjeňligi ählumumy Durnukly ösüşiň maksatlaryny hem-de wezipelerini diňe bir milli derejede ara alyp maslahatlaşmagyň öň ýanynda ýüze çykmady —XXI asyryň başlaryna ýurdumyzda durnukly ösüş boýunça ugurlar kesgitlenipdi. Şondan başlap birnäçe ýyllaryň dowamynda Türkmenistan BMG-niň hem-de beýleki abraýly halkara guramalaryň belent münberinden başlangyçlaryň toplumyny öňe sürdi. Bu bolsa, BMG-niň ygtybarly hyzmatdaşy hökmünde ýurdumyza giň meşhurlyk getirdi. Bu ugurdan amal edilýän işlere esasy ylmy çeşme bolup Alym Arkadagymyzyň kitaplaryndan ugur alynsa maksadalaýyk bolar diýip aýtmak bolar. Birleşen Milletler Guramasynyň Durnukly ösüş babatyndaky Hyzmatdaşlygyň çarçuwaly maksatnamasy BMG-niň ulgamy bilen Türkmenistanyň Hökümetiniň arasyndaky 2021–2025-nji ýyllar üçin hyzmatdaşlygyň strategiki maksatnamalaýyn resminamasy bolup durýar. Ady tutulýan çarçuwaly maksatnama Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň milli maksatnamalary bilen pugta baglanyşyklydyr we ýurduň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Durnukly ösüşiň Gün tertibine we adam hukuklary boýunça halkara borçnamalaryna ygrarlydygyny tassyklaýar. Durnukly ösüş boýunça daşary ýurt alymlarynyň birnäçesi ylmy seljermeler geçiripdirler olarda BMG-yň adamzat bähbitli alyp barýan işlerini beýan edýärler. Türkmen alymlary Rahmanow A, NuryýewÝa, Žahyrow B. global maksatlaryň käbirleri hakda aýdýarlar we olaryň käbirleriniň taryhdaky orny barada öz pikirlerini beýan edýärler. Saglyk, hil taýdan göreldeli bilim, gender deňligi, arassa agyz suwy, elýeterli we arassa energetika, iş orunlary bilen üpjün etmek hem-de ykdysady ösüş we başgalar derwaýys öňe sürilelen meseleler bolup durýar. Şular bilen baglanyşykly halkara hyzmatdaşlygyň ösdürilmegi netijesinde önümçilige ornaşdyrylýan innowasiýalar hem-de olaryň taryhy baradaky meseleler boýunça düýpli ylmy seljermeler geçirmek zerurlygy ýüze çykýar. Ilkinji seljerme işleri ýokarda görkezilen ugurlar boýunça düýpli seljermeler geçirmek bilen olaryň many-mazmunyny açyp görkezmek hem möhüm orunda bolmagynda galýar. Şonuň üçin biziň ýurdumyzda bu ugurdaky oňyn başlangyçlar diňe bir biziň alymlarymyzyň arasynda uly gyzyklanmany döretmän, eýsem daşary ýurt bilermenleriniňde hem üns merkezinde bolmagynda galýar. Mälim bolşy ýaly, Türkmenistanda Durnukly ösüş Maksatnamasy boýunça meýilnamalaýyn işler ýola goýuldy. Olary amal etmek boýunça degişli edaralardan her ýyl hasabatlar alynýar we düýpli seljermeler geçirilýär. Olaryň Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň taryhdaky ornuny kesgitlemek bilen ýurdumyzda adam hakyndaky aladanyň örän ýokary basgançaklarda goýlandygyny görkezýär.

Derňelýän döwürde Türkmenistanyň BMG “Durnukly ösüş Maksatnamasy” boýunça hyzmatdaşlygy boýunça amal edilýän işleriň ylmy esaslarda ýola goýluşyny kesgitlemek we taryhy tejribesini anyk maglumatlaryň esasynda

giňişleýin şöhlelendirmek işleri hem bu gün ýurdumyzyň durmuşynda möhüm orny eýeleýändigini bellemek gerek. Türkmenistanyň ykdysadyýetinde möhüm orny eýelejek bu Maksatnama barada alymlarymyzyň uly gyzyklanma bildirýändigini ilkinji tanyşlyk maksady bilen geçirilen seljermeler doly subut edýär.

Türkmenistanyň taryhy boýunça umumylaşdyryjy işlerde durnukly ösüş Maksatlaryny durmuşa geçirmekde ýurtda alnyp barylýan işler häzirkizaman usullary ulanmak, bu ugurda daşary ýurt tejribelerinden peýdalanmak möhüm ähmiýete eýedir. Berkarar döwletimiziň täze Galkynyşy döwründe türkmen halkynyň milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň BMG "Durnukly ösüş Maksatnamasy" boýunça oňyn başlangyçlary Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan üstünlikli dowam etdirilýär. Bu ugurda amal edilýän işler Garaşsyz baky Bitarap Türkmenistanyň taryhynda möhüm orny eýeleýär.

Atageldi Nepesov
(Turkmenistan)

COOPERATION OF TURKMENISTAN WITH THE UN ON THE SUSTAINABLE DEVELOPMENT PROGRAM

Turkmenistan cooperates closely with the United Nations on the international program for sustainable development. In Turkmenistan, at the beginning of the 21st century, several important decisions have already been made to improve the well-being of the population based on sustainable economic growth. The main goal of the United Nations is to achieve more effective and efficient implementation of the 2030 Agenda for Sustainable Development. Turkmenistan, as a neutral country, actively participates in all UN endeavors and cooperates in all areas for the benefit of improving people's lives.

Атагельды Непесов
(Туркменистан)

СОТРУДНИЧЕСТВО ТУРКМЕНИСТАНА С ООН ПО ПРОГРАММЕ УСТОЙЧИВОГО РАЗВИТИЯ

Туркменистан тесно сотрудничает с Организацией Объединенных Наций по международной программе устойчивого развития. В Туркменистане в начале XXI века уже были приняты несколько важных решений, направленных на повышение благосостояния населения на основе устойчивого экономического

роста. Главная цель Организации Объединенных Наций – добиться более эффективной и рациональной реализации Повестки дня в области устойчивого развития на период до 2030 года. Туркменистан как нейтральная страна активно участвует во всех начинаниях ООН и сотрудничает по всем направлениям на благо улучшения жизни людей.

Altynjemal Nepesowa
(Türkmenistan)

HALKARA ADALGALARYŇ LINGWISTIKI AÝRATYNLYKLARY

Islendik bir diliň sözlük gorunda belli bir ugra degişli milli adalgalardan başga-da alynma adalgalar hem ulanylýar. Dilleriň biri-birine täsiri ekstralingwistik faktorlaryň olaryň ösüşine gatnaşmagy netijesinde ýüze çykýar. Häzirki wagtda dürli halklaryň biri-biri bilen syýasy, medeni, ylmy, sosial, ykdysady gatnaşyklary netijesinde islendik diliň sözlük düzüminde başga dillerden ýa-da belli bir diliň üsti bilen başga dillerden geçen alynma we halkara sözler ulanylýar.

Dildäki alynma adalgalaryň geçiş ýollaryny, olaryň özleşdiriliş usullaryny ylmy derňewe çekmek, öwrenmek türkmen dilçilerini öňden bäri gyzyklandyryp gelýän meseleleriň biridir. Adalgalaryň emele geliş ýollary, alynma sözleriň türkmen diline ornaşdyrylyş düzgünleri, gepleýjiler tarapyndan kabul edilişi barada türkmen dilçileri B. Amansaryýewiň, G.Kolatowanyň, N. Nartyýewiň, O.Akmämmedowyň, P.Azymowyň, A.Borjakowyň, M.Taganowanyň, O.Nazarowyň, A. Öwezowyň işlerinde görmek bolýar.

Şonuň bilen birlikde dürli dil maşgalalaryna degişli bolan dilleriň ýakyn aragatnaşykda bolmaklary netijesinde ýüze çykýan umumylyk, eýýäm gadym eýýamlardan bäri dilçi alymlary gyzyklandyryp gelýän meseleleriň biridir.

Häzirki wagtda latyn we grek dilleri ylmy diliň ösdürilmegine işjeň gatnaşýarlar. Bu dilleriň leksiki we söz ýasaýjy (kökler, suffiksler, prefiksler) baýlyklary şu günki günlerde adalgalaryň ýasalmagynda gymmatly gurluşyk esbaplary bolup hyzmat edýändigini alym T.W.Oşepkowa belläp geçýär.

Babanowyň bellemegine görä, diliň ösüşinde we ulanylyşynda halkara adalgalar özboluşly aýratynlyklara eýedir. Halkara dil serişdeleri özüniň söz ýasaýjy usullaryny (modellerini) islendik bir ösen dile geçirmäge ukyplydyrlar. Bu ýagdaýda halkara asyl sözler şol ýa-da beýleki diliň kanunalaýyklygyna görä özleşdirilýär.

Umuman, dilçi alymlaryň garaýyşlary esasynda halkara adalgalaryň esasy aýratynlygynyň olaryň birnäçe dillerde aýdylyşy (fonetiki), ýazylyşy (grafiki) we many tarapdan birmeňzeş (semantiki deňlik) bolýandyklaryny aýtmak bolar. Häzirki wagtda ylmy-tehniki diliň aýratyn esasy gatlagy hökmünde grek we latyn, şeýle-de käbir soňky dörän adalgalarda iňlis dilinden bolan asyl sözler peýdalanylýar.

Bulardan başga-da, alymlar halkara adalgalardan adaty alynma sözleri tapawutlandyrmaga hem aýratyn üns berýärler. Olar bu dil birliklerini biri-birinden aýyl-saýyl etmegiň birnäçe usulyny teklip edýärler:

– halkara adalgalar köp dillerde ulanylýan bolsa, alynma sözler diňe käbir dillerde ulanylýar;

– alynma sözlerden tapawutlylykda halkara adalgalaryň esasyny millilik düzýär;

– adaty alynma sözlerden tapawutlylykda halkara adalgalar has köp milletlere tanyşdyr.

Seljermeler esasynda leksiki birligiň halkara adalga hökmünde kabul edilmeginiň esasy şertleri hökmünde şu aýratynlyklary bellemek bolar.

– halkara adalgalar üçden az dilde ulanylmaýar.

– halkara adalgalar tutuşlygyna ýa-da bölekleýin aňladylyşy (fonetiki we grafiki tarapdan) boýunça meňzeş, mysal üçin, abrewiatura – abrivation – абревиатура.

– ulanylýan dillerinde halkara adalgalar many taýyndan hem deň gelýär (bir ýa-da birnäçe manyda), mysal üçin, morfologiýa – morphology – морфология

Şeýlelikde, alymlaryň halkara adalgalar dogrusyndaky ylmy garaýyşlarynyň esasynda halkara adalgalaryň dünýäniň ençeme dilleriniň halkara sözlük gorunda giňden peýdalanylýandygyny, hut şu sebäpden hem bu adalgalaryň önümliligi, dile geçiş usullary, geçen dilinde özleşdirilişi we öwrenilişi, dünýä dilçileriniň üns merkezinde duran meseleleriň biridigini aýtmak bolar.

Altynjemal Nepesova
(Turkmenistan)

LINGUISTIC FEATURES OF INTERNATIONAL TERMS

The article deals with the issue related to the distinction between borrowed and international terms. At the same time, the author highlights the history of linguistic studies of terms-internationalisms, describe different approaches of linguists to the concept of “terms–internationalisms’, it is also shown the essence of the process of terms internationalization and features of their functioning. The object of the study is linguistic terms of foreign origin in the word-formation terminology system of the Turkmen language.

Алтынджемал Непесова
(Туркменистан)

ЛИНГВИСТИЧЕСКИЕ ОСОБЕННОСТИ МЕЖДУНАРОДНЫХ ТЕРМИНОВ

В настоящей работе рассматривается вопрос, связанный с разграничением заимствованных терминов и терминов – интернационализмов. Наряду с этими автор освещает вопрос истории лингвистических исследований терминов-интернационализмов, описываются различные подходы ученых к данному понятию, раскрывается сущность процесса интернационализации терминов и освещаются особенности их функционирования. Объект исследования представляют термины иностранного происхождения в словообразовательной терминосистеме туркменского языка.

Kümüşgözel Nepesowa
(Türkmenistan)

ARAGATNAŞYGYŇ WERBAL DÄL GÖRNÜŞINIŇ TÜRKMEN EDEBIÝATYNDA ŞÖHLELENDIRILIŞI

Adamzadyň jemgyýetdäki ösüşi onuň birek-birek bilen aragatnaşygyna baglydyr. Dil gönüden-göni pikiri beýan etmegiň seridesidir. Sözleýiş werbal we werbal däl usulda amala aşyrylýar.

Werbal we werbal däl aragatnaşyk biri-biri bilen berk baglanyşykly bolup, olary üzňelikde göz öňüne getirmek mümkin däl. Olar aragatnaşygyň biri-biriniň üstüni dolýan serişdeleridir. Şu jähtden çeper eserler aragatnaşygyň werbal we werbal däl usullarynyň ikisini-de özünde jemleýär. Çeper edebiýat okyja durmuşy açyp görkezmek bilen bir wagtda, oňa ynsanyň “bedeniniň diline” düşünmegi-de öwredýär.

Çeper eserde werbal däl hereketler gahrymanlaryň häsiýetini, diýýän sözleriniň durmuşa baplygyny açyp görkezmekligiň bir usulydyr.

Beýik rus ýazyjysy L.N.Tolstoý “Ýazyjy adamyň edýän hereketlerini we näme duýýanlygyny syzmalydyr. Gahrymanyň duýgusyz, yşarat-ümsüz gepleýşinden onuň ruhy ahwalatyny suratlandyryp bolmaz” diýip belleýär.

Ýazyjy durmuşy suratlandyrýar. Edil, suratkeşiň çeken portretinde gahrymanyň duýgusyny açyp görkezişi ýaly, ýazyjy-şahyr-da gahrymanynyň hereketlerini, ümyşaratyny sözde çekmegi başarmalydyr. Şu işiň hötdesinden gelen söz ussadynyň

eseri täsirli, çeper bolar. Şeýle eserler asyrlaryň we nesilleriň synagyndan geçer, halkyň söýgüsine mynasyp bolar.

Çeper eserlerde gahrymanyň hereketlerinden “many okamak” ýazyjynyň ussatlyk bilen döredýän meňzetmelerine, sypatlandyrmalaryna baglydyr. Ýazyjy-şahyrlaryň eserlerinde gahrymanyň ýüzüniň mimikasyna üns çekilmesi ýöne ýere däl. Çeper edebiýatda ýüz-gözüň hereketiniň 20 müň hili sypatlandyrmasy gabat gelýär. Adam ýüzündäki beden agzalary bilen 6 sany esasy duýgyny: gahary, şatlygy, gussany, ýigrenji, gorkyny, geň galmagy suratlandyryp bolýar. Şonda ýüzüň ähli agzalarynyň zerurlygyna garamazdan, esasan, göz, gaş, agyz “sözsüz” geplemegiň agramly paýyny öz üstüne alýar.

Türkmen nakyllarynda “Kim söze düşer, kim–üme”, “Gepe düşmedik, üme düşmez” diýilýär. Söz ussatlary ýiti synçylygy bilen okyja gahrymanyň hereketinden many aňlamaga sapak berýär.

Okaýan eserlerimizde “çaganyňky ýaly bigünä gözler”, “gözi oýnaklap dur”, “agzyny açdy”, “ýüzüni aşak saldy”, “gözüni aýyrman seretdi”... ýaly ýüzlerçe werbal däl hereketler okyja gahrymanyň keşbini, özüni alyp barşyny janly göz öňüne getirmäge mümkinçilik döredýär. Şunuň ýaly üýtgewsiz jümleler okyja wakany oňat göz öňüne getirmäge ýardam berýär. Okyjylar käbir ýazyjynyň eserini okap, “kino gören ýaly boldum”, “öz başymdan geçen ýaly boldum”, “ýanymda bolup geçen ýaly” diýen jümleleri aýtmagy, ýazyjynyň gahrymanyň werbal däl hereketleri, janly duýarlykly beriş ussatlygy bilen baglydyr.

Çeper eserde ýazyjynyň gahrymanyň garaýşyna, gözüne üns bermegi “Göz–kalbyň aýnasy” diýen nakylda berlişi ýaly, adamyň häsiýetini, dünýäsini görkezmäge kömek edýär.

Gahryman Arkadagymyzyň ýiti paýhasyndan dörän “Älem içre at gezer”, “Döwlet guşy” romanlarynda söz bilen adamyň “beden dilini” çeper berýär. Romanlary okanyňda, waka seniň ýanyňda, göz öňüňde bolup geçýän ýaly.

“Döwlet guşy” romanynda werbal däl hereketler gahrymanyň içki dünýäsini, hüý-häsiýetini açyp görkezmekde ýerlikli ulanylýar.

“Mälikguly yzyna seretse, obanyň iň owadan gyzy hasaplanýan Ýazly ýatagyň agtygy Zybagül oňa eli bilen yzyna düşmegi yşarat edýär”.

“Bibisoltan mugallymyň etjek hereketi, aýtjak her bir sözi Mälikgula belli: ol Aşyrdan üm bilen: “Näme üçin partadaşyň ýok?” diýip sorar. Aşyr dymar, hiç zat diýmez. “Bilemok” hem diýmez”.

“Okuwçylar ýerlerinden turdy. Altyn mugallym okuwçylar bilen salamlaşdy, soňam: “Oturyň, oturyň!” diýip, eli bilen yşarat etdi”.

Gahryman Arkadagymyzyň romanyndan getirilen şeýle mysallaryň sanyny näçe uzaltsaň uzaldybermeli. Munuň özi çeper söze gadyr-gymmat goýýan, baý, şireli edebi dilimiziň sözlük gorundan susup alýan Gahryman Arkadagymyzyň jöwher zehininden habar berýär.

Kumushgozel Nepesova
(Turkmenistan)

REFLECTION OF NON-VERBAL FORMS OF COMMUNICATION IN TURKMEN LITERATURE

Verbal and nonverbal communication are so closely related that it is impossible to think about them separately. They are means of communication which complement each other. In this context, literary works include both verbal and non-verbal modes of communication. Literature not only opens life to the reader, but also teaches him to understand "body language."

In a literary art, non-verbal actions are a way to reveal the character of the characters and the correspondence of their words to life.

Кумушгозель Непесова
(Туркменистан)

ОТРАЖЕНИЕ НЕВЕРБАЛЬНЫХ ФОРМ СВЯЗИ В ТУРКМЕНСКОЙ ЛИТЕРАТУРЕ

Вербальное и невербальное общение крепко связаны друг с другом, и представить их отдельно невозможно. Они являются дополняющими друг друга средствами связи. В этом контексте произведения искусства включают в себя как вербальные, так и невербальные способы общения. Литература не только открывает читателю жизнь, но и учит его понимать "язык души".

В художественном произведении невербальные действия – это способ раскрыть характер персонажей и соответствие их слов жизни.

Hydyr Nunnaýew, Emir Sopyýew
(Türkmenistan)

INNOWASION USULLARDA ÝOKARY DEREJELI TÜRGENLERIŇ KARDIORESPIRATOR IŞJEŇLIGINI BAHALANDYRMAK

Türkmenistanyň milli ýygyndy toparynyň türgenlerini Fransiýa Respublikasynyň Pariž şäherinde geçiriljek XXXIII Tomusky Olimpiýa oýunlaryna we beýleki Halkara ýaryşlaryna ylmy esasda taýýarlamagyň maksatnamasyna laýyklykda bu iş ýerine ýetirildi. Barlaga Türkmenistanyň Milli ýygyndy toparynyň türgenleriniň 60-sy gatnaşyp, olaryň morfofunksional görkezijileri derňeldi.

Ylmy işiň täzeçilligi: Ilkinji gezek Milli ýygyndynyň agzalarynyň taýýarlyk görkezijilerini Süňk-muskul-ýaglaryň özara agram gatnaşyklarynyň ýagdaýynyň (bioimpedansmetrik) barlagy (Bod-Pod) enjamynda; fiziki ýüklenmeli EKG; spirometriýa (Cosmed Quark PFT enjamy) we fiziki ýüklenmeli spirometriýa (K-5 spiroergometriýa enjamy) ýaly innowasion barlag usullaryny ulanyp, morfofunksional ýagdaýy kesgitlendi. Türgenlerimiziň fiziki taýýarlygyny we funksional işjeňligini ýokarlandyrmak başartdy. Barlagdan ýeňil atletika, boks, basketbol, dzýudo, suwda ýüzmek sport görnüşleri geçirildi.

Geçirilen barlaglar sportuň saýalanan görnüşleri bilen meşgullanýan milli ýygyndy toparyň agzalarynyň innowasion enjamlarda çuňlaşdyrylan lukmançylyk-biologik gözegçiliklerimiz biziň türgenlerimiziň ýeterlik derejede fiziki işjeňlginiň bardygyny, emosional taýdan durnuklylygyny, çetki agzalarynyň kislorod bilen üpjünçiliginiň ýeterlikdigini görkezdi. Türgenleriň başlangyç funksional ýagdaýyna obýektiw baha berildi. K-5 Spiroergometrýa we “Cosmed-Quark PFT” – öýkeniň işjeňligini häsiýetlendirýän enjamlar arkaly öýkeniň ýaşaýyş sygym göwrümi sportuň görnüşine görä 5–7 litr arasyndadygy bellenildi. Ýokary derejeli türgenleriň hersiniň aýratynlykda respirator ulgamynyň fiziki ýüklenmelere uýgunlaşmasy we dikeliş ukyplary oglanlarda 4900 VO2 ml/min, gyzlarda 4100 VO2 ml/min anyklandy hem-de öýkende ýene-de ulanyp biljek göwrümi takyklandy. Spiroergometriýa enjamynda ýokary derejeli türgenleriň gaz çalşygynyň derejesi oglanlarda 37,7 VE/VCO_2, gyzlarda 28,1 VE/VCO_2, anyklandy. Öýken dokumalarynyň diffuziýa ukyplylygynyň aňrybaş derejededigi kesgitlenildi. Ýürek ulgamynyň işjeňligi PWC170 testinde ortaça oglanlarda 1360±310 kgm/min, gyzlarda 1290±250 kgm/min deňdigi anyklanyldy we fiziki ýüklemeleri ýokarlandyrylmalydygy ýüze çykaryldy. PWC170 testiň Astrandyň

usulynda türgenleriň iň ýokary kislorod ulanyş ukyby (MPK) anyklanyldy, onda oglanlarda 5.2 l/min; gyzlarda bolsa 4,5 l/min hasaba alyndy. Şeýle hem "Bod-Pod" enjamynda türgenleriň süňk-muskul we ýag gatlaklarynyň özara gatnaşyk göterimi anyklanyldy, ýagly agramy erkeklerde 9,7%, zenanlarda 17,4% aralykda bolup, degişlilikde ketle indeksi boýunça 25.9-dan 25.1 kg/m^2 anyklanyldy we şoňa görä gündelik iýmeli iýmitleriniň düzümi maslahat berildi. Her türgeniň gipoksiýa derejesi iş ukyplylyk mümkinçiligi anyklandy we Türkmenistanyň dermanlyk ösümliklerinden, dopinge girmeýän we kardiorespirator ulgama oňyn täsir edýän dikeldiji serişdeleriň netijeliligi bellenildi. Netijede, innowasion usullar arkaly ýokary derejeli türgenleriň reýtingini gowulandyrmak başartdy.

Hydyr Nunnayev, Emir Sopyyev
(Turkmenistan)

INNOVATIVE METHODS OF ASSESSMENT OF CARDIORESPIRATORY ACTIVITY OF HIGHLY QUALIFIED ATHLETES

The work carried out as part of the preparation of highly qualified athletes for the Olympic Games, which will be held in 2024 in France. 60 athletes of the national teams of Turkmenistan took part in the research, morphofunctional indicators were studied.

Scientific novelty of the work: For the first time, athletes of the national teams of Turkmenistan determined the ratio of muscle-fat mass ("Bod-Pod") using bioimpedance metric methods; physical activity with ECG; spirometry "Cosmed Quark PFT" device; and exercise spirometry ("K-5 spiroergometer"). Innovative biomedical research methods allowed to determine the morphofunctional condition of athletes. Scientific work led to raise of physical rating of athletes and improvement of their health. The studies include groups of athletes from the athletics, boxing, basketball, judo and swimming teams.

As a result, by conducting in-depth medical and biological research using innovative methods, the members of the national team involved in selected sports showed sufficient physical activity, emotional stability, and full oxygen supply of peripheral tissues.

Хыдыр Нуннаев, Эмир Сопыев
*(***Туркменистан***)*

ОЦЕНКА КАРДИО-РЕСПИРАТОРНОЙ ДЕЯТЕЛЬНОСТИ С ИСПОЛЬЗОВАНИЕМ ИННОВАЦИОННЫХ МЕТОДОВ

Работа выполнена в рамках подготовки высококвалифицированных спортсменов к Олимпийским играм, которые будут проводиться в 2024 году во Франции. Исследования проводилась спортсменами национальных сборных команд Туркменистана. В работе принимали участие 60 спортсменов из 5 видов спорта, изучались морфофункциональные показатели.

Научная новизна работы: Впервые спортсменами национальных сборных команд Туркменистана проводили определение соотношений мышечно-жировой массы (“Bod-Pod”) биоимпедансметрическим способам; физическая нагрузка с ЭКГ; спирометрия “Cosmed Quark PFT” аппаратом; а также спирометрия с физической нагрузкой (“K-5 spiroergometr”). Инновационные методы исследования позволили медико-биологическим способам определить морфофункциональные состояние спортсменов. Научная работа позволила поднять физический рейтинг спортсменов и улучшить их здоровье. В исследованиях были группы спортсменов из команды лёгкой атлетики, бокса, баскетбола, дзюдо и плавания.

В итоге, проводя углублённых медико-биологические исследования с помощью инновационых методов, спортсмены, занимающиеся по избраным видам спорта показали достаточную физическую активность, эмоциональную устойчивость, полную кислородную обеспеченность периферических тканей.

Mira Nuralyýewa
(Türkmenistan)

ŞEMSETDIN SIWASLYNYŇ “MERATUL–AHLAK” ESERI – GÜNDOGAR TERBIÝÄNIŇ MEKDEBI

XVI asyrda ýaşap geçen söz ussady Şemsetdin Siwasly şygyr we kyssa görnüşli otuzdan gowrak ylmy eserleri döredipdir. Şol eserleriň biri hem “Meratul-ahlak” atly goşgular diwanydyr. Şahyr “Meratul-ahlak” (“Ahlak aýnasy”) atly goşgular diwany, mesnewi görnüşinde ýazylan edebi ýadygärlikdir. Söz ussady eserleriniň üsti bilen ynsana mahsus gylyk-häsiýet aýratynlyklaryny, onuň akyl hem duýgysynyň “ahlak aýnasyny” açyp görkezmäge çalşypdyr. “Meratul-ahlak” atly eserde ilki bilen ahlagyň aýratynlygy hem-de ynsanyň özüni jemgyýetde alyp

barmagyň kada-düzgünleri barada giň düşündürişler berilýär. Esasan hem, kanagat, kiçigöwünlilik, yhlas, minnetdarlyk ýaly häsiýetler goşgy bentleriň üsti bilen çeper beýan edilýär. Eser her bir ynsany ýaramaz gylyk-häsiýetlerden, endiklerden daş durmaklyga gönükdirýär.

Şemsetdin Siwaslynyň bu eserindäki hekaýatlaryň aglabasynyň Ymam Gazalynyň "İhýa ulum ed-din" ("Dini ylymlaryň dikeldilmegi") we "Kimýaýy sagadat" ("Bagtyýarlyk jöwheri") ýaly eserlerinden alnandygy aýdyň görünýär. Şemsetdin Siwaslynyň "Meratul-ahlak" eseriniň ýazylmagyna Ymam Gazalynyň "Kimýaýy-sagadat" atly kitabynyň täsir edendigi hem bellärlikdir. Galyberse-de, Şemsetdin Siwaslynyň we Muhammet Gazalynyň eserleriniň tematik umumylygy, meňzeşligi şahyryň Gazala ýüzlenendigini alamatlandyrýar. Olarda dünýä garaýyş umumylygy ynsanperwerlik we pespällilik ýaly temalarda has aýdyň görünýär.

"Meratul-ahlak" atly eserinde diňe bir Muhammet Gazala däl, eýsem Gündogar edebiýatynyň meşhur şahyr pelsepeçisi, alym Möwlana Jelaletdin Ruma bagyşlap, şygyr setirlerini ýazypdyr. Şemsetdin Siwasly Jelaletdin Ruma uly hormat goýmak bilen, ol beýik alym we söz ussadynyň adyny ebedileşdirmäge çalşypdyr. Muhammet Gazalynyň ruhy arassaçylyk, adamkärçilik, ynsan gözelligi ýaly gymmatly ideýalary Şemsetdin Siwaslynyň "Meratul-ahlak" atly eserinde-de öňe sürülýär. Şemsetdin Siwasly Jelaletdin Rumy, Muhammet Fuzuly we başga-da ençeme şahyrlar özleriniň baý çeper döredijilikleri bilen dünýä we türkmen edebiýatynyň taryhynda uly yz galdyrypdyrlar. Ynsanperwer ideýalaryny wagyz edýän eserleriň ägirt uly toplumyny bize miras goýupdyrlar. Olary hemme taraplaýyn öwrenmeklik türkmen edebiýaty öwreniş ylmynyň iň bir möhüm wezipeleriniň biridir.

Mira Nuralyyeva
(Turkmenistan)

"MERATUL-AHLAK" BY SHEMSETDIN SIVASLY – THE SHOOL OF EASTERN UPBRINGING

The poet Shemsetdin Sivasly master of words, who lived in the XVI century, has more than thirty scientific and literary works in the form of poems and short stories. One of such works is a collection of poems called "Meratul-ahlak". Shemsetdin wrote his work, dedicating it to Sultan Myrat III. The collection of poems "Meratul-ahlak" is a scientific and literary work written in the genre of mesnevi. The work is enriched with various stories and poems of the mesnevi genre. Having opened the "mirror of morality", the poet tried to show the reader human qualities, or rather, the mind and emotions through his works. First of all, this work gives an idea

of the peculiarities of morality and norms of human behavior. In Sivasly's work, such qualities as contentment, repentance, modesty, sincerity, gratitude and love are subtly expressed through poetic verses. The work encourages every person to get rid of destructive manners and habits.

Мира Нуралыева
(Туркменистан)

ПРОИЗВЕДЕНИЕ ШЕМСЕТДИНА СИВАСЛЫ "МЕРАТУЛ–АХЛАК" – ШКОЛА ВОСТОЧНОГО ВОСПИТАНИЯ

Поэт Шемсетдин Сиваслы живший в XVI веке, создал более тридцати литературных произведений. Одним из таких произведений является сборник стихотворений под названием "Мератул-ахлак", который он посвятив султану Мураду III. Сборник стихотворений "Мератул-ахлак" представляет собой научно-литературное произведение, написанное в жанре месневи. Приоткрыв "зеркало нравственности", поэт через свои произведения пытался показать читателю человеческие качества, а точнее, его разум и эмоции. В первую очередь это произведение дает понятие об особенностях морали и нормах поведения человека. В произведении Сиваслы через поэтические строфы тонко выражены такие качества как раскаяние, скромность, искренность, благодарность и любовь. Произведение побуждает каждого человека избавиться от губительных привычек и повадок.

Akjagül Nurgeldiýewa
(Türkmenistan)

HALY ÖNÜMLERINIŇ DURMUŞDAKY ORNY WE ÄHMIÝETI

Türkmen maşgalasynyň hemmesinde diýen ýaly haly, mata dokalypdyr, keçe basylypdyr.

Adaty ak öýde gündelik ulanylýan zatlaryň hersiniň öz goýulýan ýerleri bolupdyr. Öýüň düşegine gülli keçe, haly, palas düşäpdirler. Öýüň gapysynyň sag tarapyndaky azyk, gap-çanak, el degirmeni, bedre ýaly zatlar goýulýan ýerine "gap böwri", "aş böwri" (ýagny aýal maşgalanyň ýeri) diýilipdir. Bu ýer maşgalanyň zenanlary we çagalary üçin niýetlenipdir.

Erkek adamlaryň oturýan tarapynda tagta sekijigiň üstünde däneli argyş çuwaly, düýäň howudy, atyň eýeri, ýüp, don, aýakgap ýaly hojalykda ulanylýan zatlary goýupdyrlar.

Gapynyň garşysynda owadan haly çuwalyny – gyzyl çuwal asypdyrlar. Oňa egin-eşik salypdyrlar. Çemçe duz we başga zatlar salynýan köp sanly haly torbalaryny gözenekleriň ýokarsyndan asypdyrlar. Torbalaryň iň owadany seçekli "düýp torbadyr". Oňa gaýçy we başga gurallar salnypdyr. Ak öýüň içiniň bezelişinde haly çuwallarynyň, torbalarynyň, horjunlarynyň, daşlyklarynyň hem amaly hem-de bezeg ähmiýetleri bolupdyr. Ojagyň garşysyndaky tördäki ýer myhmanlar üçin niýetlenipdir. Ol ýere uly "düýp haly" ýazypdyrlar.

Görşümiz ýaly, haly önümleri gündelik durmuş bilen ýakyn baglanyşyklydyr.

Türkmen maşgalasynda enesi heniz gyzy çagajykga oňa dürli halylardan bukja ýygnapdyr.

Gyzlar durmuşa çykanda onuň sepini "garçyn" çuwala salyp ugradýarlar. Bu däp Günbatar türkmenlerinde häzir hem dowam edýär.

Çeper elli zenanlarymyz diňe bir öý goşlaryny dokamak bilen çäklenmän, eýsem düýelerde we atlarda ulanylýan haly önümlerini hem hut öz çeper elleri bilen dokapdyrlar.

Akjagul Nurgeldiyeva
(Turkmenistan)

THE ROLE OF THE CARPET PRODUCTS IN OUR DAILY LIFE

On the floor they placed carpet products with ornament. On the right side of the yurt was called woman`s side where food, utilities and buckets laid. Another words it was called "ash bovri" or "gap bovri".

The place itself was devoted to women and children. But in the men`s side there were sacks, saddles, ropes, shoes and etc.

When girls get married in the sack was also put "garchyn". This tradition is on nowadays in the Western Turkmenistan.

Our handicraft women didn`t made house necessities but also they made carpets for camels and horses.

Акджагуль Нургельдыева
(Туркменистан)

ЗНАЧЕНИЕ И РОЛЬ КОВРОВЫХ ИЗДЕЛИЙ В БЫТУ

В традиционной туркмениской юрте все вещи каждодневного пользования располагались в строго определенном месте. Пол жилища покрывался кошмами, коврами и паласами. Правая от входа часть дома, где располагались продукты, посуда, жернова, ведра называлась “гап боври”, “аш боври” (то есть, женская половина). Это место было предназначено для женщин и детей.

На мужской половине на деревянном топчане размещалась различная хозяйственная утварь: чувалы – мешки для хранения зерна, верблюжьи и лошадиные седла, различные инстурменты, халаты и обувь.

Для взрослой дочери заранее готовили приданное в состав которого всегда входили ковровые изделия. Приданое помещали в специальный чувал, называемый “гарчын”. Этот обычай и поныне сохранился в быту жителей туркмен Западного Туркменистаня.

Туркменские ковры всегда считались самой большой ценностью. Ими украшались свадебные церемонии.

Maýa Nurliýewa, Aýbölek Berdiýewa
(Türkmenistan)

BILIM WE YLYM TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SYÝASATYNYŇ ILERI TUTULÝAN UGURLARY HÖKMÜNDE

Ýurdumyzda bilim we ylym pudagyny ösdürmegiň wezipeleri Türkmenistany gülläp ösýän jemgyýeti we uly aň-bilim mümkinçilikleri bolan ykdysady taýdan kuwwatly, senagaty ösdürilen döwletleriň hataryna goşmaklyga gönükdirilen tutuş döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlary hökmünde kesgitlenýär.

Türkmenistanyň innowasiýa ösüşine, iň täze enjamlaryň we tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagyna gönükdirilen ugry, degişli hünärmenleri taýýarlaýan bilim ulgamy we täze pikirleri hem-de açyşlary emele getirmäge ukyply ylym bilen goldanýar. Şol bir wagtyň özünde ýurduň hem içerki çeşmeleri hem-de halkara hyzmatdaşlygy bilen baglanyşykly daşarky mümkinçilikleri ulanylýar.

Döwlet baştutany bilim işleriniň hukuk taýdan kadalaşdyrylmagy bilen bir hatarda, ylmy işlere, döwletiň ylmy we tehniki syýasatlaryna, internet hyzmatlarynyň berilmegine, elektron resminama dolanyşygynyň ornaşdyrylmagyna we kämilleşdirilmegine, häzirki zaman innowasiýaly taslamalarynyň işlenip düzülmegine we durmuşa geçirilmegine aýratyn üns bermegi zerur hasaplaýar.

Häzirki döwürde türkmen talyplaryny daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdeplerinde bilim almaga ugratmak, şeýle hem Türkmenistanyň we beýleki ýurtlaryň ýöriteleşdirilen ýokary okuw mekdepleriniň arasynda göni aragatnaşygy ýola goýmak ugrunda giň gerimli işler amala aşyrylýar.

Maya Nurliyeva, Aybolek Berdiyeva
(Turkmenistan)

EDUCATION AND SCIENCE ARE PRIORITIES OF THE STATE POLICY OF TURKMENISTAN

The goals of developing education and science in our country are specified as the priorities of the state policy aimed at further bringing Turkmenistan into the ranks of economically powerful, industrially developed states with a prosperous society and great intellectual capacity.

Turkmenistan's course towards innovative development, the introduction of the latest equipment and technologies is supported by an education system that trains relevant professionals, and science which is capable of generating new ideas and discoveries. At the same time, both the country's internal resources and external opportunities associated with international cooperation are used.

The head of state considers it necessary to pay special attention not only to the legal regulation of educational activities, but also to scientific work, scientific and technological policy of the state, the provision of Internet services, the introduction and improvement of electronic document management, the development and implementation of modern innovative projects.

In the modern epoch, sending Turkmen students to study at foreign higher education institutions, as well as establishing direct contacts between specialized higher educational institutions of Turkmenistan and other countries is a common practice.

Мая Нурлиева, Айболек Бердыева
(Туркменистан)

ОБРАЗОВАНИЕ И НАУКА – ПРИОРИТЕТЫ ГОСУДАРСТВЕННОЙ ПОЛИТИКИ ТУРКМЕНИСТАНА

Образование и наука имеют поистине стратегическое значение для каждого государства и его будущего. Наш Аркадаг, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов отмечает, что:

“в сферах образования и науки нам предстоит продолжить широкомасштабные реформы на основе передового мирового опыта”. Особое внимание в стране уделяется подготовке высококвалифицированных специалистов и молодых ученых для всех отраслей.

Курс на продолжение и углубление реформ в сфере образования и науки в Туркменистане объективно обусловлен новой парадигмой развития общества в эру возрождения новой эпохи могущественного государства и соответствует современным общемировым тенденциям.

Задачи развития сферы образования и науки в нашей стране определены приоритетами всей государственной политики, нацеленной на дальнейший вывод Туркменистана в ряды экономически мощных, индустриально развитых государств с благополучным обществом и интеллектуальным потенциалом.

Кроме того, курс Туркменистана на инновационное развитие, внедрение новейшей техники, технологий поддерживается системой образования, которая готовит соответствующих специалистов, и наукой, способной генерировать новые идеи и открытия. При этом используются как внутренние ресурсы страны, так и внешние возможности, связанные с международным сотрудничеством.

Такой пример создания вуза у нас уже есть. В 2009 году открылся филиал Губкинского института, и уже через несколько лет создан свой университет нефти и газа, который готовит высококвалифицированных специалистов для нефтяной и газовой промышленности. В 2016–2017 учебном году открыт новый вуз – Инженерно-технологический университет имени Огуз хана.

Глава государства Сердар Бердымухамедов считает необходимым уделять особое внимание не только правовому регулированию образовательной деятельности, но и научной работе, научно-технической политике государства, предоставлению услуг сети Интернет, введению и совершенствованию электронного документооборота, разработке и внедрению современных инновационных проектов.

В современную эпоху широко практикуется направление туркменских студентов в зарубежные вузы, а также установление прямых контактов между профильными высшими учебными заведениями Туркменистана и других государств. В часности, можно назвать Соглашением о научном обмене и сотрудничестве между Туркменским и национальным институтом мировых языков имени Д. Азади и университетом Цукуба (Япония), подписанного в ходе официального визита Героя–Аркадага в Японию.

В эру Возрождения новой эпохи могущественного государства знания – это могущество, это абсолютная ценность нашего государства.

Annasoltan Nurmuhammedowa, Bahargül Aşyrowa
(Türkmenistan)

TEKSTI AMALLAŞDYRMAGYŇ HÄZIRKI ZAMAN UGURLARY WE OLARYŇ ENE DILI TÜRKMEN DILI BOLAN OKADYLÝANLAR ÜÇIN RUS DILINI OKATMAGYŇ USULYÝETINDE BEÝAN EDILIŞI

Ylmy makalada XXI asyryň başlarynda rus dilinde ýazalyn tekstlere mahsus aýratynlyklary ýüze çykarylyp, olary ene dili türkmen dili bolan okuwçylardyr talyplara rus okatmagyň usulyýetinde ulanmagyň şertleri we tärleri bu ugurda alnyp barylýan işiň amaly düzüm bölegi hökmünde derňelýär. Mundan başga-da, amaly iş dili maksatlary üçin niýetlenen tekstleriň osüşindäki hadysalary, olaryň ene dili türkmen dili bolan okadylýanlar üçin rus dilini okatmagyň usulyýetinde ulanmagyň netijeliligi seljerilýar.

Annasoltan Nurmuhammedova, Bahargul Ashyrova
(Turkmenistan)

THE MODERN TREND OF TEXT OPTIMIZATION AND ITS REFLECTION IN THE METHODOLOGY OF TEACHING THE RUSSIAN LANGUAGE FOR THE TURKMEN AUDIENCE

This scientific work is intended to describe the current trends in the text of the Russian language at the beginning of the 21st century, as well as to explore the reasons for the phased use of modern textual materials as a practical component in the learning process. In addition, the main objective of the presented study of the evolution of texts intended for practical work is to determine the level of influence of the above trends on the methods of teaching the Russian language for the Turkmen audience.

Аннасолтан Нурмухаммедова, Бахаргуль Аширова
(Туркменистан)

СОВРЕМЕННАЯ ТЕНДЕНЦИЯ ОПТИМИЗАЦИИ ТЕКСТА И ЕЕ ОТРАЖЕНИЕ В МЕТОДИКЕ ПРЕПОДАВАНИЯ РУССКОГО ЯЗЫКА ДЛЯ ТУРКМЕНСКОЙ АУДИТОРИИ

Начало XXI века ознаменовалось крайней либерализацией русской письменной речи, что во многом связано с историческими сдвигами, происходившими в начале 90-х годов прошлого столетия. Значительная дифференциация, которая произошла в тексте в рассматриваемый промежуток времени, характеризовалась двойной векторностью своего развития. На одном конце вектора можно было проследить постепенные “нагромождения” текстов административных первичных и вторичных источников. Такая стратегия распределения информации на широком текстовом поле способствовала значительным затруднениям для восприятия и перевода задокументированного текста. Второй вектор развития текста включает в себя многочисленные метафорические обороты и штампы, которые заложены в тексте для демонстрации навыков коммуникативной связи с читателями.

Авторы, использовавшие неуместные газетные и бытовые штампы в рекламе и бизнесе, способствуют значительной стигматизации презентабельных текстов и угасанию в них коннотативного компонента. Поэтому ограничения на использование штампов стоит применить не только в публицистике и рекламных текстах, но и в системе обучения. Фундаментом и триггером систематизации современного представления о тексте, как о носителе ценной и по-новому оформленной информации, сложилось посредством скрещивания двух векторов развития письменности. Платформу для таких перспективных тенденций подготавливал профессор английского языка Уильям Странк, одним из первых высказывавшийся об актуальности оптимизации текста в своем труде “Элементы стиля” (1920), в котором он отмечал, что “в предложении не должно быть ненужных слов, в абзаце – ненужных предложений, так же, как и на картине не должно быть ненужных штрихов, а в механизме – ненужных частей”. Опираясь на конкретные примеры, можно вывести основные факторы, способствовашие преломлению традиционных для XXI века векторов развития текста, среди которорых:

Низкий уровень информативности при высокой избыточности;

Потребность читателя в новых формах выражения образа и эмоциональной насыщенности;

Стигматизация, непродуктивность и экономическая нецелесообразность поддержания устаревших форм текста.

Будущее видение текста неразрывно связано с дискурсом о стремлении к минимизации активного запаса и связью между обилием лексикона и сознанием. Однако оптимизация лексического состава и текстовой культуры в различных сферах общества, в особенности в образовании, будет способствовать более тщательной подготовке специалистов в области словесности и во многом деформирует архаичные, патетичные и многословные тексты во всех отраслях человеческого измерения для придания информации черт новизны и объетивной действительности.

Baýramgül Orazdurdyýewa
(Türkmenistan)

MILLI BILIM ULGAMYNDA HÜNÄR TAÝÝARLYGYNYŇ TERBIÝEÇILIK BILEN UTGAŞDYRYLYŞY

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň "Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi" kitabynyň "Zähmetsöýerlik – gaýratlylygyň gözbaşy" atly bölüminde, rowaçlygyň esasy hereketlendiriji güýjüniň döredijilikli zähmetdedigine halk döredijiliginden, Magtymguly Pyragynyň eserlerinden tymsallar getirilip, zähmetiň, hünär ussatlygynyň adam durmuşy we jemgyýetçilik ösüşi üçin ähmiýeti aýdyň şöhlelendirilýär.

"Halal zähmet – baky döwlet", "Hünärli ýigit – miweli agaç", "Her iş öz ussasynyň elinde aňsat" ýaly nakyllar adamyň bagtyýarlygynyň binýadynyň arassa, halal zähmetdedigini tekrarlaýar. Şu pähimlerden ugur alýan türkmen halky, taryhyň ähli döwürlerinde halal, döredijilikli zähmete, hünär ussatlygyna hormat-sarpa goýupdyr. Häzirki döwürde ýokary we orta hünär okuw mekedeplerini tamamlap belli bir hünäriň, käriň eýesi bolan ýaş hünärmenler işe ýollananda, "Ýoluňyz ak bolsun! Kesbiňizden, käriňizden kemal tapyň!" diýlip, arzuw-dileg edilmeginiň hem çuň taryhy hem-de terbiýeçilik ähmiýeti bar.

Hormatly Prezidentimiziň "Ýaşlar–Watanyň daýanjy" atly kitabynda "Terbiýe we tejribe – ynsan ykbalynyň goşa ganaty. Alan terbiýämiz ykbalymyza, alnymyza täsir edýär. Amal edýän her bir işimiz tejribämize öwrülýär. Tejribe bolsa diňe özüň gazanylýan, ýöne il-gün bilen paýlaşylýan hazynadyr. Gowy zatlar, il halka ähmiýetli zatlar paýlaşyldygyça, olaryň berekedi artmak bilen bolýar." diýip nygtalýar.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň kitabynda ýaşlaryň döredijilikli zähmetiniň ähmiýeti, halal zähmetiň adam üçin rehnetdigi ýaly ugurlara üns bermek bilen, häzirki döwürde sanly tehnologiýalardan oňat baş çykarýan, täzeçe pikirlenip, oňyn teklipler bilen çykyş edýän, döredijiji, gurujy, oýlap tapyjy ýaşlaryň milli ykdysadyýetimiziň dürli pudaklarynda tutanýerli zähmet çekýändigi, döwletimiziň ösüşine goşant goşýandygy anyk mysallar, ylmy esaslandyrmalar bilen beýan edilýär.

Döredijilikli zähmet çekmäge uýgunlaşan adamyň durmuşda kynçylyk çekmeýändigini, rysgal-döwletiniň hiç kimiňkiden kem bolmaýandygyny nesilleriň tejribesi tassyklaýar. Şonuň üçin, taryhy edebiýatlarda nusgawy akyldarlaryň, şahyrlaryň eserlerinde döredijilikli zähmete, hünär ussatlygyna aýratyn sarpa goýulýar. Magtymguly Pyragynyň eserlerinde hem ynsan mertebesiniň, döredijilikli zähmetiň, hünär ussatlygynyň sarpasy belent tutulýar, adamyň ýagşy gylyk-häsiýetleriniň waspy ýetirilýär.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň, milli bilim kanunçylygynyň kadalarynda bilim bilen terbiýäniň, hünär taýýarlygy bilen tejribäniň hem-de edep-ekram ýörelgeleriniň sazlaşygyny üpjün etmäge gönükdürilen düzgünler aýratyn orun tutýar. Onuň şeýledigine, “Bilim hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 8-nji maddasynyň 3-nji böleginde “Umumybilim maksatnamalary şahsyýetiň umumy medeniýetiniň kemala getirilmegine, onuň jemgyýetdäki durmuşa uýgunlaşmagyna, umumy orta bilimiň indiki derejesinde okuwyny dowam etdirmäge, hünär biliminiň maksatnamalaryny oýlanyşykly saýlap almagy üçin şertleriň döredilmegine ýardam berýän bilimleriň, başarnyklaryň, endikleriň we ygtyýarlylygyň ele alynmagyna gönükdirilendir” diýlip kesgitlenmegi, şol maddanyň 4-nji böleginde bolsa, hünär bilimi maksatnamalarynyň anyk ugurda hünär işiniň alnyp barylmagyna we anyk işçi hünärleri ýa-da hünär taýýarlygyň ugry boýunça işiň ýerine ýetirilmegine, şeýle hem hünär derejesiniň yzygiderli ýokarlandyrylmagyna mümkinçilik berýän bilimleriň, başarnyklaryň, endikleriň we ygtyýarlylygyň ele alynmagyna gönükdirilendigi bellenen. Şonuň bilen birlikde, bilim kanunçylygyna laýyklykda, bilimiň derejeleriniň toparlara bölünişiniň ÝUNESKO-nyň Bilimiň klassifikasiýasynyň halkara standartyna esaslanýandygyny bellemek bolar.

Halal zähmete, hünär ussatlygyna bolan oňyn garaýşy kemala getirmek, tälim-terbiýe bermek, edep-ekram öwretmek işiniň milli aýratynlyklarynyň bardygy, türkmen halkynyň ynsanperwer ýörelgelerinden, döwletlilik taglymatyndan gelip çykýar. Milli bilim-terbiýe mekdebi, özboluşly pedagogik usullar asyrlar boýy nesilden-nesile geçip gelipdir. Täze nesil öňkiniň toplan tejribesini özleşdirýär,

ony çuňlaşdyrýar we baýlaşdyrýar. Bu ugurda gadymy pähim-paýhaslaryň, nesihatlaryň, rowaýatlaryň terbiýeçilik ähmiýeti hem uludyr.

Jemlenip alnanda, adamy jemgyýetde mertebelendirýän, at-abraýyny artdyrýan gymmatlyklaryň hatarynda – bilimli bolmak, käriňe ussatlyk bilen edep-terbiýe ýörelgeleriniň sazlaşykly, bolmagy örän wajypdyr. Türkmenistan döwleti döwlet Baştutanymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde, her bir raýatyň berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe döwrebap bilimli, kämil hünärli, sagdyn bedenli, edep-terbiýeli bolmagy ugrunda ähli mümkinçilikleri döredýär. Şol mümkinçiliklerden netijeli peýdalanyp, ussat hünärmen bolmak, her bir raýatyň borjy bolup durýar.

Bayramgul Orazdurdyyeva
(Turkmenistan)

INTERACTION OF VOCATIONAL TRAINING AND UPBRINGING IN THE NATIONAL EDUCATIONA SYSTEM

Education in Turkmenistan is a purposeful and systematic activity of educational institutions at all levels. Educational activities are based on meeting the requirements of the individual, society, and state in upbringing and educating the younger generation. One of the most important tasks of schools at present is to provide the younger generation with information and psychoeducational support in professional self-determination.

The legislation on education establishes norms requiring a combination of education and upbringing. Accordingly, educational programs are aimed at acquiring knowledge, skills, and competencies that contribute to the formation of a general culture of personality, his adaptation to life in society, and the creation of conditions for determined choice of professional educational programs. Currently, a set of measures is being carried out aimed at improving the organizational, educational processes of educational institutions at all levels and training highly qualified specialists.

Байрамгуль Ораздурдыева
(Туркменистан)

ВЗАИМОСВЯЗЬ ПРОФЕССИОНАЛЬНОЙ ПОДГОТОВКИ И ВОСПИТАНИЯ В НАЦИОНАЛЬНОЙ СИСТЕМЕ ОБРАЗОВАНИЯ

Образование в Туркменистане представляет собой целенаправленную и систематическую деятельность образовательных учреждений всех уровней. Она нацелена на удовлетворение потребностей личности, общества, государства в воспитании и обучении молодого поколения. Одной из важнейших задач высшей школы в настоящее время является оказание информационной и психолого-педагогической поддержки молодому поколению, содействие в профессиональном самоопределении.

В законодательстве об образовании закреплены нормы, требующие тесной взаимосвязи образования и воспитания. Соответственно, образовательные программы направлены на приобретение знаний, умений, навыков и компетентнций, способствующих формированию общей культуры личности, её социализации в обществе. Должны быть созданы условия для осознанного выбора профессиональных образовательных программ. В настоящее время проводится комплекс мер, направленных на совершенствование организационных, учебно-воспитательных процессов образовательных учреждений всех уровней, подготовку высококвалифицированных специалистов.

Gözel Orazmuhammedowa
(Türkmenistan)

KITAP – GEÇENI, GELJEGI ÖWREDÝÄN DANA

Türkmen medeniýetiniň, şöhratly taryhynyň köp öwüşginli we köp görnüşli taraplaryny inçeden öwrenmäge, Watanymyzy mundan beýläk-de gülledip ösdürmäge, ýaş zehinleri ýüze çykarmaga kuwwatly itergi berýär. Kitap ynsanyň aýrylmaz hemrasy, ýol görkeziji şamçyragdyr. Kitap ata-babalarymyzyň dürdäne paýhasyny asyrlardan-asyrlara aşyryp, geljekki nesillere ýetirýän özboluşly köpri bolup hyzmat edýär. Taryhda kitap okamagyň ähmiýeti barada aýdylyp geçilen biri-birinden manyly şeýle bir söz köp welin, käbirleri bir kitap ýaly gymmatly bolup bilýär, adamy pikirlendirip bilýär.

Akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň şygyrlary ussat kätipler tarapyndan sünnälenip göçürilipdir we olar nesillerimiz üçin ruhy mirasyň belent

nusgasy hökmünde häzirki döwürde hem uly ähmiýete eýedir. Beýik şahyryň golýazmalarynyň halkymyz üçin ägirt uly hazyna bolandygyna Nurmyrat Saryhanowyň "Kitap" eserini okanyňda, ýene bir gezek has aýdyň göz ýetirýärsiň. Hekaýanyň gahrymany Welmyrat aga özüniň bar mydary bolan guba düýesini kitaba çalyşýar. Türkmen ýaşulusynyň bu hereketinde, bir tarapdan, halkymyzyň kitaba goýýan sarpasy öz beýanyny tapsa, beýleki bir tarapdan, oguz nesliniň ylym-bilime teşneligi, pähimli söze goýýan gadyr-gymmaty aýdyň ýüze çykýar.

Gahryman Arkadagymyzyň: "Kitap adamzadyň köňül nagşydyr, ol medeni gymmatlyk hökmünde ruhy baýlyga öwrülip, adamlaryň ýüreklerine ýol salyp bilýär" diýip nygtaýar. Hormatly Arkadagymyzyň "Älem içre at gezer", "Döwlet guşy" romanlary, "Türkmeniň döwletlilik ýörelgeleri", "Ömrümiň manysy" atly eserleri bagtyýarlyk döwrümiziň edebiýatyny many hem-de mazmun taýdan baýlaşdyran eserlerdir. Bu ajaýyp eserlerde halypa mugallym we frontçy esger Berdimuhamet Annaýewiň geçen gahrymançylykly durmuş ýoly ýaşlar üçin nusgalykdyr. Merdana halkymyzyň uruş ýyllarynda çeken janaýamazakly zähmeti bolsa Mälikguly Berdimuhamedowyň çagalyk ýyllaryndaky merdana keşbine siňdirilipdir. Bu kitaplardaky gahrymanlaryň ömür ýoly ýaş nesillerimiz üçin nusgalyk mekdepdir. Çünki bu gahrymanlaryň durmuş ýoly ynsanperwerligiň, watansöýüjiligiň, mertligiň, zähmetsöýerligiň, halallygyň belent nusgasy hökmünde hakydalarymyzda aýratyn orun tutýar. Kitaba çuňňur sarpa goýýan Gahryman Arkadagymyzyň: "Kitapsyz öý ýüreksiz beden ýalydyr" diýmek bilen, bize hemişe kitaby özümize hemra edinmelidigimizi ündeýär.

Kitap bu bahasyna ýetip bolmajak hazynadyr. Kitap okamak hakynda aýdylan sözler hem adamyň ruhuny göterýän zatlardan biri. Biz kitap okamaýan adamyň bir zatlarynyň kem galýandygyny pikir edýänleriň biri. Her bir kitap üýtgeşik bir zat öwredýär, üýtgeşik duýgulary ýaşadýar, üýtgeşik durmuşlary sergileýär, üýtgeşik dünýälere alyp gidýär. Kitaplary okaman hiç birini aňsat-aňsat bilip bolmaýan filosofiki gymmatlyklar adamzat döräli dowam edip gelýär. Elbetde, islendik ylmy filosofiki taglymata esaslansak hem, kitabyň progressiň ilkinji sütünidigi bellenilip geçilýär. Kitap okaýan adamlar durmuşda has ugurtapyjy bolýar.

Gozel Oramuhammedova
(Turkmenistan)

BOOK – WISDOM CONNECTING PAST AND FUTURE

As a result of the wise and farsighted policy of the Hero Arkadag, in the Epoch of the Revival of New Era of the Powerful State our country has achieved a great success in the sphere of science, education, economy, culture, architecture and construction. The foreign policy of our state based on the principles of peacefulness

and brotherhood promotes the growth of the authority of our country on the world arena. The Hero Arkadag writes that the development of science has achieved a definite heights so it is necessary to raise the effectiveness of the scientific investigations and scientific activity; all scientific researches should be aimed at the solution of the most important problems of the state, at the satisfaction of the growing demands of the national economy, and at the strengthening of the material-and-technical base of science.

As it is known, book is a source of scientific knowledge. At present, a large number of books, scientific works, and teaching aids which are intended for a wide readership and which have gained a great recognition all over the world are being published.

The works of the Hero Arkadag have become reference books for the people working in different scientific and technological spheres. Despite the fact that the books of the highly Esteemed Arkadag are intended for a wide readership, they attract interest of our youth as well. They are a great help to the young scientists in the course of a deep scientific study of the Turkmen culture and glorious history of the Turkmen people.

Гозель Оразмухаммедова
(Туркменистан)

КНИГА – МУДРОСТЬ, СОЕДИНЯЮЩАЯ ПРОШЛОЕ И БУДУЩЕЕ

В эпоху Возрождения новой эпохи могущественного государства в результате мудрой и дальнозоркой политики Национального лидера туркменского народа, Героя – Аркадага наша страна добилась огромных успехов в области науки, образования, экономики, культуры, архитектуры и строительства. Внешняя политика нашего государства, основанная на миролюбии и братстве, способствует повышению авторитета нашей страны на мировой арене. Герой – Аркадаг пишет о том, что развитие науки достигло определенных высот и поэтому необходимо повысить результативность научных исследований и научной деятельности; все научные изыскания должны быть нацелены на решение важнейших проблем государства, на удовлетворение все возрастающих потребностей народного хозяйства, на укрепление материально-технической базы науки.

Как известно, книга является источником научных познаний. В настоящее время в больших объемах осуществляется выпуск книжных изданий, научных трудов, учебных пособий, рассчитанных на широкие массы читателей, и получивших большое признание во всем мире.

Произведения Героя – Аркадага стали настольными книгами для людей, работающих в разных отраслях науки и техники. Книги многоуважаемого Аркадага рассчитаны на широкий круг читателей, они вызывают большой интерес у нашей молодежи. Они служат важным подспорьем для молодых ученых в вопросах глубокого научного изучения туркменской культуры, славной истории туркменского народа.

Mahym Orazowa
(Türkmenistan)

MNEMOTEHNIKANY FIZIKA SAPAGYNDA ULANMAGYŇ USULYÝETI

Hormatly Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň: "Giň gözýetimli ýaş nesli kemala getirmek, ilkinji nobatdaky wezipedir" diýýär. Saýlap alan hünärine ökde hünärmenleri taýýarlamak biz bilim işgärleri üçin öňümizde uly borç bolup durýar. Häzirki wagtda ylymda, tehnikada hem-de tehnologiýa äleminde bolýan täzelikleriň, dersiň okuw maksatnamasynda göz öňünde tutulan okuw maglumatlarynyň, hadysalaryň, kanunlaryň, düşünjeleriň, fiziki ululyklaryň, formulalaryň many-mazmunyna talyplaryň oňat düşünmeklerini we olaryň düýpli özleşdirilmegini hem-de talabalaýyk ýatda saklanylmagyny mnemotehnikanyň usullaryndan peýdalanmak arkaly üpjün edip bolar.

Mnemotehnika okatmagyň innowasion-pedagogik tehnologiýalarynyň täze tärleriniň biri bolmak bilen, ol temalaryň düýpli özleşdirilmegini, ýatda saklanylmagy kyn bolan maglumatlaryň hem ýatda saklanylmasyny amatly görnüşe (ýagdaýa) geçirmäge mümkinçilik döredýär. Munuň üçin okuwçylara we talyplara mnemotehnikanyň düzgünleriniň hem-de serişdeleriniň ulanylyş tärlerini öwretmek gerek bolýar.

Mnemotehnika (ýa-da mnemonika) grek dilinden gelip çykan "adalga" bolup, ýat tutmak sungaty diýmegi aňladýar.

Fizika dersiniň "Optika" bölüminde ýagtylygyň dispersiýasy temasy öwredilende älemgoşaryň renkleriniň yzygiderliligini ýatda saklamak üçin dürli sanawaçlary aýtmaklyk bilen, olary ýatda saklamaklyga mnemotehnikanyň usullaryny ulanmak, uly ähmiýete eýedir. Mysal üçin, dispersiýa hadysasyndaky spektrleriň reňkleriniň – gurşawyň döwme görkezijileri (tolkun uzynlyklary) boýunça yzygiderliligini ýatlamak üçin sanawaç:

Gyrat – Gyzyl, Mämişi – Menzil, Sary – Seçende, Ýaşyl – Ýigit, Mawy – Münip, Gök – Göçer, Melewşe – Meger diýen ýaly sanawaç älemgoşaryň reňkleriniň yzygiderligini çalt ýatda sakalamaklyga ýardam berýär.

Ýa-da Gün sistemasynyň planetalarynyň yzygiderliligini ýatda saklamak üçin şeýleräk sanawajy peýdalanyp bileris:

Merkuriý – Magtymguly, Wenera – Wagt, Ýer – Ýaly, Mars – Mydama, Ýupiter – Ýanyňda, Saturn – saňa, Uran – uly, Neptun – nesihatçydyr.

Bu mysallar sapaga degişli düşünjeleri düýpli ýatda saklamaga mümkinçilik berýär. Şular ýaly meňzetmeleri, suratlandyrmalary ýa-da baglanyşdyrmalary başga ýagdaýlarda hem ulanyp bolýar. Bu bolsa talyplaryň oňat hünärmenler bolup ýetişmeklerini üpjün eder.

Mahym Orazova
(Turkmenistan)

METHODICS OF USING MNEMONICS IN TEACHING PHYSICS

Consideration of theoretical issues in the framework of teaching physics in higher education institutions, as well as explaining the action of physical laws, requires the provision of practical justification. In this regard, the combined use of mnemonics technics will allow more deeply internalize the educational information. Therefore, the application of mnemonics as an effective pedagogical technology (method), its introduction into practice and using its capabilities is one of the most important tasks in teaching of this subject to students.

Махым Оразова
(Туркменистан)

ИСПОЛЬЗОВАНИЕ МНЕМОТЕХНИКИ В ПРЕПОДАВАНИИ ФИЗИКИ

Рассмотрение теоретических вопросов в рамках преподавания предмета физики в высших учебных заведениях, а также разъяснение действия физических законов, нуждаются в предоставлении практического обоснования. В связи с этим комбинированное использование мнемотехники позволит более глубоко усвоить учебную информацию. Поэтому использование мнемотехники как действенной педагогической технологии (метода), внедрение ее в практику и использование имеющихся в этом отношении возможностей является одной из важнейших задач при обучении студентов данному предмету.

Tuwak Öweznepesowa
(Türkmenistan)

DEMIRGAZYK TÜRKMENISTANYŇ ORTA ASYRLAR ŞÄHER GURLUŞYNYŇ MEDENIÝETI

B.e.öňki I müňýyllygyň ortalarynda gadymy Horezm Merkezi Aziýanyň esasy syýasy, ykdysady we medeni merkezleriniň birine öwrüldi.

Orta asyrlarda Demirgazyk Türkmenistanda şäher gurluşygy özüniň giň gerimlidigi bilen hasiýetlendirilýär. Horezm topragy XI asyryň başynda doly özbaşdak bolanda, bu ýerde Köneürgenç, Galalygyr, Gäwürgala, Akjagelin, Gandymgala, Künerli, Gaňňagala, Maňňyrgala, Toprakgala, Könewas, Şasenem, Oglanlygala, Diýarbekir, Yzmykşir, Döwkesen ýaly birnäçe şäherler döräp, olar çalt depginde ösüp giňäpdirler.

Orta asyr alymlary we taryhçylary şäherleri tutýan meýdany we ähmiýeti boýunça üçe bölüpdirler. Olary "mysr", "kasaba" we "medine" diýip atlandyrypdyrlar. Mysr kysmyna degişli şäherler-paýtagt, patyşalar tarapyndan bellenilýän hajyplaryň (köşkde düzgün-nyzamy ýöredýän adamlar) ýa-da serkerdeleriň oturýan ýeri-kasaba (welaýat merkezi), esgerleriň gulluk edýän galalary bolsa medine bolupdyr.

Köneürgenç şäheri "mysr" kysmyna degişli şäher bolup, Mamunlar döwründe bu ýerde ylym we medeniýet ösýär. Şäherde ylmyň-bilimiň ösüşine aýratyn ähmiýet berlip, ol ady dünýä dolan akademiýalary, medreseleri, kitaphanalary bilen şöhratlanypdyr. XI asyryň başlarynda Al Biruny, Ibn Sina ýaly beýik alymlar, ady dünýä dolan şahyrlar, danyşmentler ýaşap geçipdirler we dünýä belli eserlerini döredipdirler.

XI–XII asyrlarda Köneürgenç Gündogaryň ösen şäher merkeziniň birine öwrülýär. Şäher orta asyr taryhy çeşmelerinde Horezm ady bilen tanalýan, XII–XIII asyrlarda Ýewraziýa sebitiniň iň iri döwletleriniň biri bolan Köneürgenç türkmen döwletiniň paýtagty bolupdyr. Bu döwürde ol öz ösüşiniň iň ýokary derejesine ýetipdir. Köneürgenç şäheriniň bir bölegi Amyderýanyň sag tarapynda, beýlekisi çep tarapynda bolup, derýanyň suwuny belli bir derejede saklap duran bentde şäher ilaty abatlaýyş işlerini geçirip durupdyrlar. Şäheriň jemgyýetdäki orny has giňelipdir hem-de senetçiligiň dürli görnüşleri bolupdyr. Şäherde ýüpek matasyny taýýarlaýan ussahanalar hem işläpdir. Köneürgenç Beýik Ýüpek ýolunyň söwda ýollarynyň amatly çatrygynda ýerleşipdir. Ýollaryň we kerwenleriň oňat derejede gurnalan goragy, içerki we daşarky söwdany has-da ösdüripdir. Şäherde köpsanly bazarlar bolupdyr.

Şol döwürde Köneürgençde milli binagärlik mekdebi döräpdir. Gahryman Arkadagymyzyň "Türkmenistan Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi" atly kitabynda şeýle diýilýär: "Köneürgenç binalarynyň beýikligi we üýtgeşik owadanlygy bilen şöhrat gazanyp, dabarasy kerwen ýollary bilen bütin dünýä ýaýran ussalaryň şäheri bolupdyr".

Horezm welaýatynyň şäherleri barada maglumat orta asyr çeşmelerinde duş gelýär. Arap syýahatçysy Ibn Battuda şeýle ýazypdyr: "Ürgenç giň köçeleri we köpsanly binalary bolan uly hem owadan şäherdir". Mongollar çozmazyndan sähel öň Ürgenje gelip gören arap alymy Ýakut: "Baýlykda, ululykda, ilatynyň köplüginde we mylakatlylygynda Horezmiň baş şäheri ýaly şäher älemde ýokmuka diýýärin" diýip belläpdir.

XIII asyrda mongollaryň ýörişi, şäheriň ösüşini wagtlaýyn togtadýar. Köp asyr geçmän, türkmen şäherlerinde gaýtadan durmuş pajarlap ösýär. Ilat kem-kemden özüni tutup, ýene-de şäher gurluşygyna giň gerim beripdir.

Tuvak Oveznepesova
(Turkmenistan)

THE CULTURE OF URBAN PLANNING OF MEDIEVAL CITIES OF NORTHERN TURKMENISTAN

Already from the middle of the 1st millennium BC. ancient Horezm was one of the major political, economic and cultural centers of Central Asia.

During the Middle Ages, urban planning was actively developing in Northern Turkmenistan. For example, in the 11th century, numerous cities appeared in these territories, such as, in particular, Koneurgench, Galalygyr, Gavur-gala, Akjagelin, Gandym-kala, Kunerli, Hanna-gala, Mannyr-Gala, Toprak-Gala, Konevas, Shasenem, Yzmykshir, Dovkesen and others.

Medieval scholars divided cities according to their significance and size into three types: "Misr", "Kasaba", "Medina" and gave a full explanation of these names.

The cities of Northern Turkmenistan were famous both for their beauty and wealth, and for their outstanding scientists. The Mongol invasion turned the flourishing oases into desert, but after a fairly short time they were revived again.

Тувак Овезнепесова
(Туркменистан)

КУЛЬТУРА ГРАДОСТРОИТЕЛЬСТВА СРЕДНЕВЕКОВЫХ ГОРОДОВ СЕВЕРНОГО ТУРКМЕНИСТАНА

Уже с середины I тысячелетия до н.э. древний Хорезм представлял собой в один из крупных политических, экономических и культурных центров Центральной Азии.

В период средневековья в Северном Туркменистане активно развивается градостроительство. Например, в XI веке на этих территориях появляются многочисленные города, такие, в частности, как Куняургенч, Калалыгыр, Гявур-кала, Акджагелин, Кандым-кала, Кунерли, Чанна-кала, Маннгыр-кала, Топрак-кала, Кунявас, Шасенем, Измыкшир, Довкесен и другие.

Средневековые ученые подразделяли города по их значимости и размерам на три типа: “миср”, “касаба”, “медине” и давали полное разъяснение этим названиям.

Города Северного Туркменистана славились как своей красотой и богатством, так и выдающими учеными. Монгольское нашествие превратило цветущие оазисы в пустыню, однако по прошествии достаточно короткого времени они вновь возродились.

Mähri Perdeliýewa
(Türkmenistan)

BATHYZ SEBITINIŇ ORTA ASYR ARHEOLOGIK ÝADYGÄRLIKLERI

Türkmenistan Beýik Ýüpek ýolunyň ugrunda ýerleşip, söwda gatnaşyklarynyň ösmegine uly goşant goşupdyr. Munuň şeýledigini şu wagta çenli saklanyp galan Beýik Ýüpek ýolunyň ugrunda orta asyrlara degişli Türkmenistanyň çägindäki taryhy-medeni ýadygärlikler, kerwensaraýlar we duralgalar subut edýär. Şeýle ýadygärlikleriň birnäçesi Bathyz sebitinde ýerleşendir. Bu ýerde müňýyllyklaryň dowamyndan bäri ýaşaýyş dowam edipdir. Bathyz “ýel turýan ýer”, “şemally ýer” diýen manyny aňladýar. Bathyz has irki toponimleriň biridir, X asyrda Horasanyň bir welaýaty hökmünde duş gelýär. Bathyzda iki ýüz metre çenli ýetýän beýik baýyrlar bar.

XX asyryň 70-nji ýyllarynda geçirilen barlaglaryň dowamynda, Bathyzda dürli döwürlere degişli 50-den köpräk taryhy ýadygärligiň barlygy anyklanýar. Bu bolsa

Bathyzyň orta paleolitden orta asyrlara çenli bolan taryhy gatlaklaryny umumy halda yzarlamaga mümkinçilik berýär. Tapylan ýadygärlikleriň arasynda gadymy mesgenleri, şäherleri, galalary we obalary tapawutlandyrmak bolar. Hindistana we Pars aýlagynyň kenaryndaky şäherlere ugran kerwenler, Badhyz ülkesinde hem birnäçe düşelgelerde, şäherlerde düşläpdir. Bu şäherler söwda ýollarynyň ugrunda ýerleşmek bilen, olarda kerwensaraýlar we beýleki hyzmat çygrynyň desgalary bolupdyr

Beýik Ýüpek ýolunyň ýüze çykan döwrüne degişli Gyzyljar, Kepele, Howdan, Adamölen we Agarçeşme ýaly ýadygärlikleri arheologlar irki demir asyry bilen seneleýär. Ýadygärlikleriň köpüsi bolsa orta asyrlar bilen senelenýär. Olaryň içinde iň ulusy Gyzyljar bilen, Adamölen obalarydyr. Gyzyljar obasynyň medeni gatlagynyň galyňlygy 8 metre ýetýär. Agarçeşme, Adamölen, Akrabat, Ýarylangala, Injirli galalary gyzyklydyr. Gyzyljaryň çägesöw jaryndan köwlüp gazylan gowaklar hem orta asyrlara degişlidir. Olaryň käbiriniň diwarlary ýylmanan daşlardan örülipdir, petikleri bolsa gümmezekläp dur. 1970-nji ýyllarda arheolog H. Ýusubow bu gowaklarda barlaglar geçirip, onuň Beýik Ýüpek ýolunyň ugrunda ýerleşen täsin binagärçilik nusgasydygyny beýan etdi. Bürünçden, ýasalan teňňeleriň tapylmagy bolsa bu ýerde orta asyrlarda pul dolanyşygynyň bolandygyny alamatlandyrýar.

Bathyzyň “Adamölen” ýadygärligi, Sarahsdan 70 km günortada Hyrat tarapda ýerleşýär. Ol Sarahs–Hyrat ýolunyň ugrunda ýerleşen ikinji duralgadyr. Sarahsdan Hyrada ugran kerwenler ýadygärlige iki günden barypdyr. Bu ýere akar suwlar barmansoň, ilat süýji suwly guýulary gazyp içipdirler. Ýadygärlikde Juma metjidiniň, kerwensaraýyň galyndylarynyň barlygy, bu ýeriň orta asyrlar döwründe uly ilatly oba bolandygyna şaýatlyk edýär. XX asyryň ahyrlarynda türkmen alymlary tarapyndan Bathyz baýyrlyklaryndaky taryhy mesgenler öwrenildi. 1990-njy ýylda arheolog T.Hojanyýazowyň ýolbaşçylygyndaky topar Bathyzdaky Ýarylangalada we Injirligalada barlag işlerini geçiripdir. Ýarylangala Tejen derýasynyň Zülpükar geçelgesiniň ýakynynda, uçut gaýaly jülgede, üç tarapy derýanyň çuň hanasy bilen gurşalan amatly ýerde ýerleşipdir. Injirli galasy hem Bathyzyň orta asyr obalarynyň biridir. Bu gala edil Ýarylangala ýaly, tutuş töweregi tebigy gaýa bilen gurşalan ýerde ýerleşýär. Injirliniň hem diwarlary işlenmedik daşdan örülip, olar galanyň demirgazyk, gündogar we günbatar taraplaryny gurşap alypdyr. Galanyň günorta tarapy diwar bilen gurşalmandyr. Injirli galasynyň gurluşy Ýarylangala meňzeýär, ýöne onuň goranyş diwarlary has kuwwatlydyr. Galanyň diwarlarynyň beýikligi käbir ýerlerde 5–6 metre ýetýär.

Bathyzda Akrabat diýlip atlandyrylýan gadymy kerwensaraýyň galyndylary bar. Alihan Awarskiý bu ýadygärlik barada käbir maglumatlary galdyrypdyr. Daş töwereginde pisse tokaýlary bar eken, örän süýji suwly guýularyň ýigrimiden gowragy bolupdyr. Bu kerwensaraý köp ýollaryň birleşýän ýeri bolup, dürli

ýurtlardan gelýän kerwenleri ugrukdyrmak üçin hem aýratyn hyzmaty ýerine ýetiripdir. Häzirki Mary welaýatynyň Tagtabazar etrabynyň Galaymor obasyndan demirgazykda Guşgy derýasynyň ugrunda orta asyrlara degişli Bagşur diýip atlandyrylýan şäher ýerleşipdir. Merwden Hyrada ugran kerwenleriň Bagşurda düşleýändigini döwrüniň syýahatçylary belläp geçipdir.

Umuman aýdanymyzda, Beýik Ýüpek ýolunyň ugrunda ýerleşip, medeniýetleriň özara hyzmatdaşlygyna we gatnaşygyna ýardam eden merkezler bu günki günde taryhy ýadygärliklere öwrüldi. Olar barada ýazuw çeşmelerinde gyzykly maglumatlar berilýär.

Mahri Perdeliyeva
(Turkmenistan)

MEDIEVAL ARCHAEOLOGICAL SITES OF THE BATHYZ REGION

Turkmenistan, being located on the route of the Great Silk Road made a great contribution to the development of international trade relations. Numerous historical and cultural monuments, caravanserais and sites situated in the Great Silk Road on the territory of modern Turkmenistan, which have remained till nowadays, prove it. Such monuments are also located in Bathyz region. It has been inhabited for thousands of years. Bathyz means “a windy place”. During the research conducted in the 70s of the 20th century, the presence of more than 50 historical monuments belonging to different eras was discovered in Bathyz. This gives us opportunity to trace the historical layers of Bathyz from the Middle Paleolithic to the Middle Ages in general. Ancient settlements, cities, fortresses and villages can be distinguished among the found monuments. Archaeologists date monuments such as Gyzyljar, Kepele, Howdan, Adamolen and Agarcheshme to the early Iron Age. Most of the monuments date back to the Middle Ages.

Мяхри Перделиева
(Туркменистан)

СРЕДНЕВЕКОВЫЕ АРХЕОЛОГИЧЕСКИЕ ПАМЯТНИКИ БАДХЫЗСКОГО КРАЯ

Туркменистан, располагаясь на маршруте Великого Шелкового пути, внес большой вклад в развитие международных торговых отношений. Об этом свидетельствуют многочисленные памятники истории и культуры,

караван-сараи и стоянки на территории современного Туркменистана, сохранившиеся до наших дней. Такие памятники находятся и в Бадхызском регионе. Уникальная природа Бадхызского края всегда очаровывала людей. Он был заселен на протяжении тысячелетий. Слова “Бадхыз” означает “место, где рождается ветер”. В ходе исследований, проведенных в 70-ых годах XX века, в Бадхызе были обнаружены более 50-ти исторических памятников, относящихся к разным историческим эпохам. Это позволяет нам проследить культурные слои Бадхыза от среднего палеолита до средневековья. Среди найденных памятников можно выделить городища, города, крепости и села. Если говорить о древней истории этого региона, то к раннему железному веку археологи относят такие памятники, как Кызылджар, Кепеле, Хаудан, Адамолен и Агарчешме.

Gözel Pirmuhamedowa
(Türkmenistan)

HÄZIRKI ZAMAN TÜRKMEN JEMGYÝETINDE MEDIAKOMMUNIKASIÝALARYŇ ORNY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ösen bazar gatnaşyklaryny nazarlaýan işjeň syýasatyň esasy ugurlarynyň hatarynda durýan ylmy-tehniki ulgamy döwrebaplaşdyrmak, ähli ulgamlarda innowasiýalary ornaşdyrmak, öňdebaryjy tehnologiýalara daýanýan ösen senagaty kemala getirmek ýurdumyzyň strategik ugurlarynyň biri bolup durýar. Hut şu jähetden, önümçiligiň ähli pudaklaryna ylmyň we öňdebaryjy tejribäniň gazananlarynyň ornaşdyrylmagy we iň täze tehniki hem tehnologik enjamlaryň netijeli ulanylmagy, biziň ýeten belent sepgitlerimizde, gazanan üstünliklerimizde örän uly ähmiýetlidir. Milli ykdysadyýete sanly ulgamy ornaşdyrmak boýunça öňdebaryjy döwletleriň derejesine ýetmek, elektron senagaty döretmek, adamyň aň-bilim maýasyna, işewürligine we maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň soňky gazananlaryna esaslanýan ösen ykdysadyýeti kemala getirmek babatdaky uly işler, sanly özgertmeleriň dünýä derejesinde ýokary tizlik bilen ýaýraýan döwründe gaýragoýulmasyz wezipeleriň hatarynda durýar.

“Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy”, Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, “Elektron resminama hakynda”, “Aragatnaşyk hakynda”, “Türkmenistanda Internet torunyň ösüşini we Internet-hyzmatlaryny etmegi hukuk taýdan düzgünleşdirmek hakynda”, “Maglumat we ony goramak hakynda” Türkmenistanyň Kanunlaryna, “Türkmenistanyň

durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin milli Maksatnamasyna”, “Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasyna”, “Türkmenistanda ylmy barlaglaryň we innowasiýa tehnologiýalarynyň netijeliligini ýokarlandyrmagyň 2017–2021-nji ýyllar üçin Döwlet Maksatnamasyna” we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda işlenip taýýarlanyldy.

Soňky onýyllykda sanly tehnologiýalaryň täsirinde bolan üýtgeşmelere laýyklykda, žurnalistika möhüm ähmiýete eýe boldy.

Iň görnükli üýtgeşiklikleriň biri hem mediakommunikasiýalaryň bir görnüşi bolan sosial mediýanyň döremegidir. Sosial mediýa jemgyýete möhüm täsir edýär. Olar adamlaryň maglumat sarp edişini, biri-biri bilen aragatnaşyk saklamagyny üýtgedip, birek-birege we jemgyýetçilik durmuşyna gatnaşýarlar.

Sosial mediýa maglumatlary has elýeterli etmek bilen, jemgyýete täzelikleri we maglumatlary almaga rugsat berýär. Mediakommunikasiýalar žurnalistikanyň işine bolan talaplary üýtgedip, bu hünäri ep-esli täsir edýär.

Mediakommunikasiýalar žurnalistika hünärine uly täsir etmek bilen bir hatarda, jemgyýetde adamlaryň maglumat sarp ediş usulyny üýtgedip, jemgyýetde adamlaryň birek-birek bilen, dünýädäki millionlarça adamlar bilen aragatnaşyk saklamagyň täze basgançagyny açdy.

Her bir ýurduň ykdysady ösüşinde ylma esasy orun degişlidir. Ylym innowasiýanyň ýüze çykmagyny şertlendirýär. Innowasiýalar tehnologik ösüşiň çeşmesi hökmünde çykyş etmek bilen, öz gezeginde, ylmy-tehniki açyşyň döredilmegi, ýaýradylmagy, durmuşa ornaşdyrylmagy ýaly ylmy täzeçillik tapgyrlaryň soňky netijesi hasaplanylýar.

Sanly ykdysadyýet – bu hojalyk işi bolup, onda önümçiligiň esasy faktory sanly görnüşdäki maglumatlardyr. Uly göwrümli maglumatlaryň gaýtadan işlenilmegi we seljermäniň netijeleriniň giňden ulanylmagy hojalygy ýöretmegiň adaty görnüşlerinden tapawutlylykda, dürli önümçilikleriň, tehnologiýalaryň, enjamlaryň, şeýle-de harytlaryň we hyzmatlaryň getirilişiniň, saklanylyşynyň we ýerlenilişiniň netijeliligini ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär.

Ýurdumyzda döwrebap maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalaryny giňden ornaşdyrmak, olaryň sazlaşykly işlemegini ýola goýmak, maglumat howpsuzlygyny üpjün etmek, maglumat üpjünçilik ulgamyny mundan beýläk-de ösdürmek boýunça wezipeler amala aşyrylýar. Munuň özi ildeşlerimiz üçin sanly hyzmatlaryň täze görnüşlerini elýeterli etmäge, olara ýaşaýyş-durmuş ýeňilliklerini döretmäge, milli ykdysadyýetimiziň pudaklarynyň ösüşini we bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga ýardam berýär.

Gozel Pirmuhamedova
(Turkmenistan)

MEDIA COMMUNICATIONS IN MODERN TURKMEN SOCIETY

This article examines the influence of media communications, as well as digital technologies, on journalism and its role in modern Turkmen society. The focus is on social media as the main source of information for many people. The author analyzes the changes that have occurred in the journalistic profession with the advent of new technologies and their impact on the audience. The article also examines the issue of ethics and responsibility of a journalist in the era of media communications. The article also talks about accepted Concepts that are related to digital networks.

Гозель Пирмухамедова
(Туркменистан)

МЕДИАКОММУНИКАЦИИ В СОВРЕМЕННОМ ТУРКМЕНСКОМ ОБЩЕСТВЕ

В данной статье рассматривается влияние медиа коммуникаций, также цифровых технологий на журналистику и ее роль в современном туркменском обществе. Основное внимание уделяется социальным медиа как основному источнику информации для многих людей. Автор анализирует изменения, которые произошли в профессии журналиста с появлением новых технологий, и их воздействие на аудиторию. В статье также исследуются вопросы этики и ответственности журналиста в эпоху медиа коммуникаций. Также в статье идет речь об принятых Концепциях, которые связаны с цифровыми сетями.

Jemile Pürjäýewa
(Türkmenistan)

GARAŞSYZLYK ÝYLLARYNDA TÜRKMEN TELERADIOÝAÝLYMLARYNYŇ ÖSÜŞI WE HALKARA HYZMATDAŞLYGYNDAKY ORNY

2011-nji ýylyň 17-nji oktýabrynda “Türkmenistan” teleradio merkeziniň açylmagy bilen, ýurdumyzda Türkmenistanyň telewideniýe, radio gepleşikler

we kinematografiýa baradaky döwlet komiteti döredilip, onuň birnäçe bölümleri tassyklanylyp, türkmen teleradio ýaýlymlary hem onuň garamagyna berkidilýär. Şol ýyl hem türkmen teleradio ýaýlymlary bolan "Altyn asyr: Türkmenistan" teleýaýlymyna "Watan" radioýaýlymy, "Miras" teleýaýlymyna "Miras" radioýaýlymy, "Ýaşlyk" teleýaýlymyna "Çartarapdan" radioýaýlymy, "Türkmen owazy" teleýaýlymyna "Owaz" radioýaýlymy birleşdirilýär we olar umumylykda "teleradioýaýlym" diýlip atlandyrylýar. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2023-nji ýylyň 30-njy martynda gol çeken Karary bilen "Arkadag" teleýaýlymy döredildi.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň telewideniýe, radio gepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komitetiniň düzüminde 8 sany döwlet teleradioýaýlymy bolup, olarda ýurdumyzda bolup geçýän wakalary halk köpçüligine gyzgyny bilen habar bermekde we amala aşyrylýan işleriň ähmiýetini giňden beýan etmekden ötri, gepleşikler toplumlary, dokumental we çeper filmler taýýarlanylýar. Iri göwrümli şanly wakalara bagyşlanyp, gepleşikler toplumlary ýazgy edilýär. Ýurdumyzyň alymlarynyň gatnaşmagynda ol gepleşiklerde aýdylýan maglumatlara syn hem-de seljerme berilýär. Sanly ulgama geçmek babatda aýdylanda, 2019-njy ýylyň mart aýynda komitetiň (http://www.türkmentv.gov.tm, www.turkmen tv.com) resmi saýty döredildi. Maglumatlary üç dilde: türkmen, iňlis we rus dillerinde hödürleýän saýt häzir synag görnüşinde işledilýär. Bu saýt arkaly türkmen telewideniýesiniň ähli teleradioýaýlymlaryna tomaşa etmek we diňlemek, telegepleşikleriň şol günki we tutuş hepdäniň dowamyndaky tertibi bilen hem tanyşmak mümkinçiligi bar.

Bu komitet halkara derejede teleradioýaýlymlar babatda alnyp barylýan işlerde Türkmenistanyň adyndan wekilçilik edýär. Şoňa görä-de, häzirki wagtda bu komitet bilen teleradioýaýlymlar ulgamynda özara hyzmatdaşlyk etmek hakynda Türkiýe Respublikasynyň Radio-telewideniýe guramasynyň arasynda TESWIRNAMA, Eýran Yslam Respublikasynyň Teleradiogepleşikler baradaky guramasynyň arasynda hyzmatdaşlyk etmek boýunça özara düşünişmek hakynda ÄHTNAMA, Özbegistanyň Milli teleradiokompaniýasynyň arasynda hyzmatdaşlyk etmek hakynda ÄHTNAMA, Belarus Respublikasynyň Milli döwlet teleradiokompaniýasynyň arasynda hyzmatdaşlyk etmek hakynda YLALAŞYK, Täjigistan Respublikasynyň hökümetiniň ýanyndaky telewideniýe we radio komitetiniň arasynda hyzmatdaşlyk etmek hakynda YLALAŞYK, Gyrgyz Respublikasynyň Medeniýet, habar beriş we syýahatçylyk ministrliginiň arasynda film öndürmek we teleradiogepleşikler babatda bilelikde hyzmatdaşlyk etmek hakynda YLALAŞYK, Koreýa Respublikasynyň Teleradioýaýlymlar ulgamynyň (KHBS) arasynda hyzmatdaşlyk etmek hakynda ÄHTNAMA, S.A.Gerasimow adyndaky Bütinrussiýa döwlet kinematografiýa institutynyň arasynda Türkmen hünärmenleriniň hünär derejesini ýokarlandyrmak boýunça hyzmatdaşlyk etmek hakynda YLALAŞYK, Azerbaýjanyň Telewideniýe we radiogepleşikler

ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň arasynda hyzmatdaşlyk etmek hakynda YLALAŞYK, Maglumat babatda hyzmatdaşlyk etmek hakynda hem Gazagystan Respublikasynyň Maglumat we jemgyýetçilik ösüşi ministrliginiň arasynda Ähtnama ýaly resminamalaryň çäklerinde maglumatlary alyşmak babatda degişli işler alnyp barylýar. Şeýle hem "Euronews", "Rossiýa24", "Mir" ýaly iri teleradiokompaniýalar bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk ýola goýlup, gepleşikler taýýarlanylýar. Şeýle-de bu komitet Aziýa – Ýuwaş umman teleradioýaýlymlar birleşiginiň (ABU) doly hukukly agzasy bolmak bilen birleşige, agza ýurtlaryň teleradiokompaniýalary bilen işjeň hyzmatdaşlyk edýär. Halkara hyzmatdaşlygyň çäklerinde 2018-nji ýylda geçirilen dünýäniň dürli künjeginden habar beriş serişdeleriniň wekilleriniň 400-e golaýynyň gatnaşmagynda türkmen paýtagtynda Aziýa – Ýuwaş umman teleradioýaýlymlar birleşiginiň Baş Assambleýasynyň 55-nji mejlisini hem görkezmek bolar.

Milli teleýaýlymlarymyzda ýurdumyzyň çäginde geçirilýän dürli görnüşli medeni-köpçülik çärelerden, maslahatlardan taýýarlanylýan söhbetli we şekilli görnüşler, habarlar, aýdym-sazly, teatrlaşdyrylan sahnalar bilen bezelen söhbetdeşlikler, aýdymçylarymyzyň dürli dillerde ýerine ýetirýän aýdymlary, daşary ýurtly bilermenleriň, diplomatlardyr halkara guramalaryň ýolbaşçylarynyň çykyşlary, "tegelek stoluň" başyndaky söhbetdeşlikler dürli taryhy seneleriň ähmiýetini halkymyzyň arasynda, şol sanda tutuş dünýä jemgyýetçiliginde wagyz etmekde uly ähmiýete eýedir.

Jemile Purjayeva
(Turkmenistan)

GROWTH OF TURKMEN TELERADIO CULTURE DURING THE YEARS OF INDEPENDENCE AND ITS PLACE IN INTERNATIONAL COOPERATION

With the opening of the "Turkmenistan" television and radio center on October 17, 2011, The structure of the State Committee for Television, Radio Broadcasting and Cinematography was established in the country, its several departments were approved, and Turkmen television and radio broadcasts were approved by it. In the same year, "Altyn Asyr: Turkmenistan" television channel , "Vatan" radio channel, "Miras" radio channel, "Yashlyk" radio channel, "Chartarapdan" radio channel, "Ovaz" radio channel and "Turkmen Ovazy" television channel were merged into the same year. "Arkadag" TV channel is established the Resolution signed by the President of Turkmenistan on March 30, 2023. The official website of the State committee for digital transition (http://www.türkmentv.gov.tm, www.turkmen

tv.com) was created. This committee represents Turkmenistan on behalf of television and radio stations at the international level. Accordingly, the state committee is currently in close cooperation with major television and radio companies of many countries of the world, as well as and negotiations are being prepared.

Джемиле Пурджаева
(Туркменистан)

РАЗВИТИЕ ТУРКМЕНСКИХ ТЕЛЕРАДИОКАНАЛОВ В ГОДЫ НЕЗАВИСИМОСТИ И ИХ РОЛЬ В МЕЖДУНАРОДНОМ СОТРУДНИЧЕСТВЕ

С созданием 17 октября 2011 года телерадиоцентра “Туркменистан” в стране был создан Государственный комитет Туркменистана по телевидению, радиовещанию и кинематографии, утвержден ряд его подразделений, а туркменское телерадиовещание было передано под его руководство.

В этом же году в состав телеканала “Алтын Асыр: Туркменистан” вошла радиостанция “Ватан”, телеканала “Мирас” – радиоканал “Мирас”, к телеканалу “Яшлык” – радиоканал “Чартарапдан”, к телеканалу “Туркмен овазы” – радиоканал “Оваз” и все они были переименованы в общее название “телерадиоканал”.

Телеканал “Аркадаг” был создан Постановлением Президента Туркменистана от 30 марта 2023 года. С целью перехода на цифровую систему был создан официальный сайт государственного комитета (http://www.turkmentv.gov.tm, http://www.turkmentv.com). Этот комитет представляет Туркменистан на международном уровне. Соответственно, в настоящее время Госкомитет в тесном сотрудничестве с крупнейшими телерадиокомпаниями многих стран мира осуществляет подготовку совместных передач.

Serdar Nazarow, Muhammetberdi Rahymow
(Türkmenistan)

STEM BILIMINDE MATEMATIKI MODELIRLEMÄNIŇ ORNY

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2022-nji ýylyň 8-nji iýulynda çykaran 179-njy karary bilen tassyklanan “Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna” laýyklykda Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň 2023-nji ýylyň 3-nji fewralynda 34-nji buýrugy bilen inžener ugurly ýokary okuw mekdeplerinde okatmagyň

STEM usulyýetini tapgyrlaýyn ornaşdyrmagyň Ýol kartasy tassyklanyldy. Netijede, öňdebaryjy STEM usulyna bagyşlanan ylmy-usuly işleriň sanlary artdy; häzirki wagtda bu usuly okuw prosesine ornaşdyrmak problemasynyň çözülişi ylmy-pedagogik alymlaryň üns merkezinde saklanýar. Bu usul tebigy we takyk ylmy-okuw derslerine esaslanýandyr; esasy ylmy-usuly utgaşdyrmalarda, tejribede we ylmy-amaly-usuly derňewlerde bolup geçýän hadysalaryň tebigy kanunlaryny ýüze çykarylmagyna, ol kanunlaryň inžener-tehniki meseleleri çözmekde ulanylyşyna esas döretmek göz öünde tutulýar. Aýratyn hem, STEM meýilnamada takyk ylymlary we matematika boýunça tebigy, tehnologiýa we inženerçilik ylymlarynyň derňewlerindäki ýüze çykarylýan mukdar gatnaşyklarynyň kanunlarynyň ylmy derňewlerini geçirmekligi göz öňünde tutulýar. Häzirki zaman inžener-tehnologik derňewleri amala aşyrmakda takyk ylymlaryň arasynda matematiki modelirleme ylmy has möhüm orny eýeleýär. STEM meýilnamany okuw prosesine ornaşdyrmakda hünärler boýunça aýratyn ylmy tehnologik temalar saýlanyp alynmagyny hem-de bu tema boýunça ylmy laboratoriýalarda derňewler geçirilip alnan netijeler boýunça inžener-tehnologik netijeleriň işlenilip taýýarlanmagyny we şu derňewde bolup geçýän hadysalaryň matematiki modelleriniň düzülmegine möhüm üns berilýär. Matematiki modeller fiziki we tebigy ylymlaryň kanunlarynyň esasynda düzülmelidir. Mysal üçin, suwuklyklaryň we gazlaryň akymynyň derňewlerinde gidrogazidinamikanyň kanunlaryndan (matematiki modellerinden) ugur alnyp tejribe geçirilýän enjamlarda we tejribehanalarda synaglar amala aşyrylmalydyr, netijede, suwuklygyň dykyzlygy, şepbeşikligi, suwuklygyň himiki düzümi ýüze çykarylyp netije almak we tejribede ýüze çykarylan fiziki proseslerin matematiki modelini düzmek mümkinçiligi artar. Şeýle hem suwuklygyň hereketiniň deňlemesiniň ulanylyşynda suwuklygyň akyp geçýän turbasynyň garşylyk koeffisiýentini we Reýnold sanyny kesgitlemek üçin tejribe geçirmek zerurdyr. STEM usulyýetinde tejribede ýüze çykan fiziki prosesiň matematiki modelini düzmek wajyp meseledir. STEM meýilnamany ornaşdyrylmak maksady bilen suwuklygyň hereketiniň deňlemesiniň ulanylyşynda tejribede alnan netijeleriň matematiki modelini ýazmak we onuň real prosesi ýazandaky takyklygyny kesgitlemek ylmy işiň gutarnykly görnüşe getirilmeginde möhüm orun eýeleýär.

Matematiki modelirleme prosesinde we modelleriň derňewinde optimal modelirleme usullaryny ulanmak örän ýokary netijeleri almak mümkinçiligini döredýändigini nygtaýarys. Optimak modelirleme meselesinde, mysal üçin, turbulent akym üçin ýazylan Nawýe-Stoks deňlemesine takyklyk agzasyny girizilmek üçin tejribeden alnan turbulent akymyň funksiýasyna kwadratik ýakyn çözüwi, ýagny optimal akymy tapmak meselesiniň çözlüş algoritmini işläp düzmek ylmy-usuly tarapdan örän ähmiýetlidir we möhümdir. Şu makalada iki we üç ölçegli Nawýe-Stoks deňlemelerine takyklaýjy agzany goşmak meselesiniň optimal çözüwi teklip edilýär.

STEM meýilnamany okuw prosesine ornaşdyrmak işinde imitasion modelirleme usullaryny ulanmaklygy teklip edýäris, şeýlelikde, STEM meýilnamany STEM:IT meýilnama görnüşinde inžener-tehniki ýokary okuw mekdeplerinde ornaşdyrmak has amatlydyr.

Serdar Nazarov, Muhammetberdi Rahymov
(Turkmenistan)

THE PLACE OF MATHEMATICAL MODELING IN STEM EDUCATION

In engineering and technical universities, STEM education involves scientific and methodological training using the basic laws and methods of natural and exact sciences. Especially, in engineering and technical research in STEM education, it is envisaged to draw up mathematical models of physical processes based on the research results obtained, which is the main requirement for the formation of the final fundamental result. And this is the special place of mathematical modeling in STEM education.

1. In order to introduce STEM:IT education into the educational process in special departments of higher educational institutions, conduct engineering and technical laboratory research in the specialties of future specialists. Create mathematical models of research results.
2. Solve optimal modeling problems.
3. To clarify the obtained information and mathematical models, use simulation modeling.
4. To introduce STEM:IT education into the educational process, update the curricula taking into account the requirements of STEM.

Сердар Назаров, Мухаметберди Рахимов
(Туркменистан)

МЕСТО МАТЕМАТИЧЕСКОГО МОДЕЛИРОВАНИЯ В STEM ОБРАЗОВАНИИ

В иженерно-технических вузах STEM образование предусматривает научно-методическое обучение с применением основых закономерностей и методов естественных и точных наук. В инженерно-технических исследованиях в STEM образовании предусматривается, в соответсвии с полученным результатами, составить математические модели физических процессов,

что является основным требованием формированиия окончательного фундаментального результата. И в этом состоит особое место математического моделировании в STEM образовании.

1. С целью внедрения STEM:IT образования в учебный процесс в специальных кафедрах ВТУЗ-ов провести инженерно-технические лабораторные исследования по специальностям будущих специалистов. Составить математические модели результатов исследований.

2. Решить задачи оптимального моделирования.

3. Для уточнения полученных информаций и математических моделей применить имитационнае моделирования.

4. Для внедрения STEM:IT образования в учебный процесс учебные планы обновить с учетом требований STEM.

Pürli Rasulow
(Türkmenistan)

TÜRKMENISTANYŇ IKITARAPLAÝYN HALKARA BILIM HYZMATDAŞLYGYNYŇ ESASY UGURLARY

Häzirki wagtda Türkmenistanyň halkara bilim hyzmatdaşlygynda ikitaraplaýyn görnüşde alnyp barylýan gatnaşyklar esasy orun eýeleýär. Ýurdumyzyň bilim babatda ikitaraplaýyn halkara hyzmatdaşlygy daşary ýurt döwletleriniň ýokary okuw mekdepleri, beýleki bilim edaralary bilen hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ýola goýmak we alyp barmak arkaly amala aşyrylýar hem-de baglaşylýan ylalaşyklar we beýleki resminamalar bilen berkidilýär. Ýurdumyzyň halkara bilim hyzmatdaşlygynyň bu görnüşi şu aşakdaky ugurlary öz içine alýar:

Türkmenistanyň hökümetara we pudagara ylalaşyklaryna laýyklykda hem-de ýurdumyzyň ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, şeýle hem çekilen serişdeleriň hasabyna türkmen ýaşlaryny daşary ýurtlaryň ýokary we orta hünär okuw mekdeplerine bilim almaga ugratmak, şonuň ýaly-da, daşary ýurtlaryň raýatlaryny ýurdumyzyň ýokary we orta hünär okuw mekdeplerine bilim almaklary üçin kabul etmek. Şeýle ylalaşyklaryň çäklerinde ýurdumyzyň ýaşlarynyň ýüzlerçesi dürli ýyllarda Türkiýe Respublikasynyň, Russiýa Federasiýasynyň, Belarus Respublikasynyň, Ukraina döwletiniň, Rumyniýanyň, Wengriýanyň, Hytaý Halk Respublikasynyň, Malaýziýanyň ýokary okuw mekdeplerine bilim almak üçin ugradyldy;

Türkmenistanyň ýokary we orta hünär okuw mekdepleriniň daşary ýurtlaryň bilim edaralarynyň arasynda baglaşylan hyzmatdaşlyk hakynda resminamalaryň çäklerinde talyp we mugallym alyş-çalyşyny amala aşyrmak. Muňa mysal hökmünde ýurdumyzyň bilim ojaklarynda okaýan talyplara bilim bermek üçin Germaniýanyň, Fransiýanyň, Italiýanyň, Ýaponiýanyň, Koreýa Respublikasynyň, Hytaý Halk Respublikasynyň, ABŞ-nyň öňdebaryjy ýokary okuw mekdeplerinden mugallymlar çagyrylýandygy hem-de türkmen mugallymlarynyň, hususan-da türkmen dili boýunça hünärmenleriň daşary ýurtlaryň, hususan-da, Hytaýyň we Russiýa Federasiýasynyň bilim edaralarynda bilim bermek üçin ugradylmagy bellärliklidir;

Hyzmatdaş daşary ýurtlaryň bilim edaralary tarapyndan guralýan gysga we uzak möhletli okuwlaryna ýurdumyzyň wekillerini gatnaşmaklaryny guramak. Bu ýerde Ýaponiýanyň bilim, medeniýet, sport, ylym we tehnologiýa ministrligi (MEXT), Ählumumy koreý talyp haky (GKS), Ýapon halkara hyzmatdaşlyk agentligi (JICA), Hindi tehniki we ykdysady hyzmatdaşlyk maksatnamasy (ITEC) ýaly daşary ýurtlaryň bilim maksatnamalaryny amala aşyrýan guramalar bilen alnyp barylýan hyzmatdaşlyk bellärliklidir. Bu guramalar tarapyndan ýurdumyzyň bilim ulgamynyň wekilleri üçin uzak we gysga möhletli hünär kämilleşdiriş okuwlary we okuw sapaklary guralýar;

Daşary ýurt döwletleri bilen baglaşylan ikitaraplaýyn resminamalaryň çäklerinde bilim hakyndaky resminamalary özara ykrar etmek babatda hyzmatdaşlyk. Mysal üçin 2009-njy ýylyň 25-nji martynda baglaşylan "Türkmenistanyň Hökümeti bilen Russiýa Federasiýasynyň Hökümetiniň arasynda bilim resminamalaryny özara ykrar etmek hakyndaky Ylalaşyk";

Türkmenistanda bilim babatda geçirilýän maslahatlara hyzmatdaş döwletleriň wekillerini gatnaşmak üçin çagyrmak we ol döwletlerde geçirilýän şeýle maslahatlara ýurdumyzyň bilim ulgamyny wekilleriniň gatnaşmagyny guramak. Ýurdumyzda paýtagt Aşgabat şäherinde her ýylda geçirilýän "Saglygy goraýyş, bilim we sport Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe" atly halkara sergi we ylmy maslahata daşary ýurt bilim edaralaryndan wekiller çagyrylýar;

ikitaraplaýyn mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşmak üçin duşuşyklary geçirmek. Şeýle duşuşyklar täze hyzmatdaşlygy ýola goýmaga we öň bar bolan hyzmatdaşlygy ilerletmäge giň mümkinçilikleri döredýär.

Purli Rasulov
(Turkmenistan)

MAIN DIRECTIONS OF BILATERAL EDUCATIONAL COOPERATION OF TURKMENISTAN

International bilateral interaction is an important area of international educational cooperation of Turkmenistan. This area of cooperation in the field of education is a priority due to the fact that bilateral interaction allows partner parties to exchange experiences and achievements, implement joint projects, hold expert meetings, organize training courses and etc. Today, in the bilateral educational cooperation of Turkmenistan, interaction with such countries as China, Japan, Korea, India, Russia, Hungary, Romania and others plays a significant role.

Пурли Расулов
(Туркменистан)

ОСНОВНЫЕ НАПРАВЛЕНИЯ ДВУСТОРОННЕГО ОБРАЗОВАТЕЛЬНОГО СОТРУДНИЧЕСТВА ТУРКМЕНИСТАНА

Международное двустороннее взаимодействие является важным направлением международного образовательного сотрудничества Туркменистана. Данное направление сотрудничества в области образования имеет приоритетный характер ввиду того, что двустороннее взаимодействие позволяет сторонам-партнёрам обмениваться опытом и достижениями, осуществлять совместные проекты, проводить встречи экспертов, организовывать учебные курсы и т.д. Сегодня в двустороннем образовательном сотрудничестве Туркменистана весомую роль занимает взаимодействие с такими странами как Китай, Япония, Корея, Индия, Россия, Венгрия, Румыния и другие.

Şemşat Rejepowa
(Türkmenistan)

GARAŞSYZLYK ÝYLLARYNDA DÖRÄN ALYNMA SÖZLER

Türkmenistan döwletimiziň ýurt Garaşsyzlygyna eýe bolmagy, türkmen diline döwlet dili hukugynyň berilmegi bilen dilimizde ulanylýan sözleriň sany barha artýar. Jemgyýetde döreýän her bir üýtgeşmeler durmuşyň, önümçiligiň, medeniýetiň, ylmyň, tehnikanyň ösmegi diliň sözlük düzümininiň hem üýtgemegine

sebäp bolýar. Birnäçe täze sözler, söz birikmeleri, goşma sözler, alynma sözler sözlügiň üstüne goşulyp, ony baýlaşdyrýar we käbir sözler ulanyşdan galýar. Täze sözler diňe goşulma goşulmagy arkaly däl, sözleriň goşulmagy netijesinde, şeýle-de başga dilleriň üsti bilen geçen sözleriň esasynda hem ýüze çykýar. Türkmen dil biliminde alynma sözler we olaryň ýazuw düzgüni barada birnäçe işler edildi. Muňa garamazdan, täze dörän alynma sözler öňki edilen işlerde duşmaýanlygy sebäpli, bu makala täzeçe garaýyşdyr pikirleri öz içine alýar. Hut şonuň üçin hem, 30 ýyldan gowrak wagt aralykda, ýagny Garaşsyzlyga eýe bolan günümizden bärde emele gelen alynma, goşma, tirkeş we gysgaldylan goşma sözleri toplamak, öwrenmek, täze düzüljek sözlüklere goşmak, şeýle-de geljekki nesillerimize ýetirmek möhüm ähmiýete eýedir.

Türkmen dilinde alynma sözler esasy orny eýeläp, olar iki we ondan hem köp sözden ybarat bolup, dilimizde işjeň ulanylýar. Alynma sözler jemgyýetiň ähli ugurlarynda ýüze çykyp, olara gündelik durmuşymyzda köp duş gelmek bolýar. Soňky ýyllarda täze-täze tehnologiýalaryň döremegi, durmuşymyza ornaşmagy netijesinde ýüzlerçe söz, ýagny alynma sözler dilimize ornaşdy. Olar hem edebi diliň kadalaryna laýyklykda ulanyşa girizildi.

Umuman, dünýä dillerinde, rus dil biliminde, şeýle-de türkologiýada soňky ýyllarda edilen işleriň köpüsinde alynma sözlere esasy mesele hökmünde seredilýär. Bu ýagdaýy bolsa, diňe bir türkmen dilinde däl, eýsem beýleki dillerde hem alynma sözleriň barha sanynyň artýandygy bilen düşündirmek bolar.

Türkmen dilinde alynma sözleriň ýazuw düzgüni iň çylşyrymly we kyn meseleleriň biri bolup durýar. Diliň sözlük düzümi bilen onuň grammatik gurluşy özara baglanyşyklydyr. Sözleri üýtgetmegiň, olary sözlemlere birikdirmegiň grammatik kadalary biziň dilimizde berk berjaý edilýär. Muňa garamazdan, dilde döreýän käbir täze sözleriň, şol sanda alynma sözleriň orfografik kadalaryna ters gelýän ýagdaýlary bolup, ýazuw düzgüninde kynçylyk döredýär. Olar, esasan hem, goşulma goşulanda ýüze çykýar.

Umuman, alynma sözleri şertli ýagdaýda sada we goşma alynma sözler diýen iki topara bölmek bolýar. Meselem:

Sada alynma sözler: *faks, birža, býujet, migrasiýa, forum, konsul, wiza, immigrant, import, innowasiýa, internet, menejer, marketing, kredit* we ş.m.

Goşma alynma sözler: *awtoban, aerowokzal, awtobenzin, antioksidant, antiseptik, elektroenergetika, elektromobil, intermodal, koronawirus, mediaforum, multimedia, multimodal, nanotehnologiýa, biotehnologiýa, transkontinental, telefaks, tehnopark* we ş.m.

Ýokarda getirilen mysallaryň hemmesi dilimize Garaşsyzlyk ýyllary içinde geçen sözlerdir. Alynma sözler türkmen edebi diliniň kanunyna laýyklykda häzirki wagtda işjeň ulanylýan sözleriň hatarynda durýar. Olary döwrüň talabyna görä öwrenmek wajypdyr.

Shemshat Rejepova
(Turkmenistan)

BORROWED WORDS DEVELOPED IN THE INDEPENDENCE YEARS

The number of words used in our language is growing due to the independence of Turkmenistan and granting the Turkmen language the status of the state language. Every change taking place in society, i.e. development of life, production, culture, science and technology, also causes changes in the lexical stock of the language. Borrowed words occupy the main place in the Turkmen language, they consist of two or more words and are actively used in our language. They are used according to the rules of the literary language. Conventionally, they can be divided into two groups: simple and complex words *(fax, exchange, budget, migration, forum, consul, visa, import, innovation, Internet, manager, marketing, credit; autobahn, air terminal, motor gasoline, antioxidant, antiseptic, electric car, intermodal, media forum, multimedia, multimodal, nanotechnology, biotechnology, transcontinental, telefax, technopark, etc.).*

The above-mentioned examples related to the words that are actively used today according to the rules of the Turkmen literary language. It is important to study them according to the time demand.

Шемшат Реджепова
(Туркменистан)

ЗАИМСТВОВАННЫЕ СЛОВА, ВОЗНИКШИЕ В ГОДЫ НЕЗАВИСИМОСТИ

Количество слов, используемых в нашем языке, увеличивается в связи с обретением независимости государства Туркменистан и предоставлением туркменскому языку статуса государственного языка. Всякое изменение, происходящее в обществе вызывает также изменение лексики языка. Заимствованные слова занимают основное место в туркменском языке, они состоят из двух и более слов и активно используются в нашем языке. Они употребляются по правилам литературного языка. Условно их можно разделить на две группы: простые и сложные слова (*факс, биржа, бюджет, миграция, форум, консул, виза, импорт, инновация, интернет, менеджер, маркетинг, кредит; автобан, аэровокзал, автобензин, антиоксидант, антисептик, электромобиль, интермодальный, медиафорум,*

мультимедиа, мультимодальный, телефакс, нанотехнология, биотехнология, трансконтинентальный, технопарк и др.).

Вышеупомянутые примеры относятся к числу слов, которые сегодня широко употребляются по правилам туркменского литературного языка.

Gülaýym Sahatowa
(Türkmenistan)

EDEBIÝAT SAPAGYNDA UMUMADAMZAT GYMMATLYKLARYNY ÖWRETMEKDE SANLY DIDAKTIKANYŇ MÜMKINÇILIKLERI

Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan durmuş-ykdysady, syýasy we Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakyndaky kabul eden kararlary esasynda ýurdumyzyň umumybilim edaralarynyň maddy-enjamlaýyn binýady gün-günden ýokarlanýar. Okuwçylara maglumat-tehnologiýalary arkaly bilim bermek işi zerurlyk bolup, dünýä tejribesini, kömekçi serişdeleri sapakda peýdalanmagyň tejribeleriniň kemala gelýändigini, tehniki serişdeler arkaly okuw-terbiýeçilik işleri guramaga tejribeleriň toplanandygyny bellemek gerek. Bu edebiýat sapagynda hem dünýä tejribesini ornaşdyrmaga, sanly serişdeleri peýdalanmaga esaslaryň bardygyny, olary durmuşa ornaşdyrmagyň wajypdygyny görkezýär.

Şu nukdaýnazardan, işiň esasy maksady edebiýat dersini okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmek we döwrebaplaşdyrmak bilen, okuwçylarda umumadamzat gymmatlyklaryny terbiýelemekden ybaratdyr. Şeýle ulgamyň wezipesi edebiýat dersi boýunça sanly didaktik üpjünçilikleri işläp düzmekden we olaryň okuwy guramakdaky mümkinçiliklerini ýüze çykarmakdan ybarat.

Işde hödürlenilýän usul dünýäniň ýurtlarynyň köpüsiniň bilim ulgamynda sanlaşdyrma meselelerine giňden ornaşdyrylýar. Bilim bermegiň häzirki zaman usulynda bilimiň merkezinde mugallym däl-de, okuwçy, ýagny onuň sapakda işjeňligini artdyrmak göz öňünde tutulýar. Şeýle meseläni çözmek edebiýat dersine okatmagyň täzeçil usullaryny ornaşdyrmagy hem-de okuwça gönükdirilen usulyýeti işläp düzmegi talap edýär.

Beýan edilen mesele boýunça häzirki döwre çenli geçirilen barlag-gözleg işler umumadamzat gymmatlyklaryny sanly tehnologiýalar arkaly öwretmegiň meselelerinde hünärmenler tarapyndan synanyşyklaryň-çemeleşmeleriň, usullaryň seýrekdigini görkezdi.

Şeýlelikde, sanly tehnologiýanyň ösen döwründe umumadamzat gymmatlyklaryny öwretmegiň wajypdygy baradaky mesele hünärmenleriň üns merkezinde bolup, ýeke-täk çözgüt zerurlygyna galýar.

Häzirki döwürde garalýan meseläniň esasy obýekti bolan edebiýat dersinde umumadamzat gymmatlyklaryny öwretmekde sanly tehnologiýany ornaşdyrmagyň çemeleşmeleri babatda hünärmenlerde dürli garaýyşlar döredi.

Sanly tehnologiýalar arkaly okuw-terbiýeçilik işini guramakda görnükli pedagoglar Ş.Haljanowyň (1995 ý.) , B.Badaýewiň (1971 ý.), G.Durdymyradowyň (1994ý.), edebiýatçylar Ş.Küllekowyň (2004.) işlerinde edebiýaty okatmagyň usullaryna degişli garaýyşlar beýan edildi.

Bu meselä degişli işler daşary ýurtly alymlar B.Aşurowa, N.W. Suhoý, R.M.Ýusupow, L.N.Ýegorowa, W. Fedorowa, A.S. Komarow we beýlekiler tarapyndan bölekleýin işlenilip geçipdir.

Işimizde göz öňünde tutulýan usullar okuwçylara we mugallymlara usuly üpjünçiligi gowulandyrmakda, edebiýaty okatmagyň netijeliligini ýokarlandyrmakda belli bir artykmaçlyklary berýär.

Netijede, edebiýat dersini okatmakda ulanylýan usullaryň ornuna şu gün giňden peýdalanylýan sanly didaktik serişdeler oňyn netije berer.

Gulayym Sahatova
(Turkmenistan)

THE POSSIBILITIES OF DIGITAL DIDACTICS IN THE TEACHING PUBLIC VALUES AT THE LITERATURE LESSON

It is necessary to educate the students through the information technologies, and it should be noted that the world experience, experiences of using the auxiliary materials at the lesson is being improved, and the experiences are gathered in organization of the educational activities through the technical means. It demonstrates that there are the foundations for introducing the world experience, and for usage of the digital media at the Literature lesson, and that it is important to implement them into a life.

The method, presented in the work, is widely used in the digitalization issues in education in many countries of the world. It is also necessary to speed up the digitalization process in the education system of our country. In the modern method of teaching is taken into account that the center of education is not the teacher, but the student, that is, the increase of his (her) activity at the lesson. In order to solve such a problem, it is required to introduce the innovative methods of teaching the Literature discipline and to develop the student – centered methodology.

As regards to the mentioned matter, the approaches, ways and methods applied and the study and research works carried out up to the present time by the specialists in the issues on development of the digital didactics in teaching the public values, were evaluated.

Гулайым Сахатова
(Туркменистан)

ВОЗМОЖНОСТИ ЦИФРОВОЙ ДИДАКТИКИ В ОБУЧЕНИИ ОБЩЕЧЕЛОВЕЧЕСКИМ ЦЕННОСТЯМ НА УРОКАХ ЛИТЕРАТУРЫ

Обучение учащихся необходимо осуществлять с помощью информационных технологий, при этом следует отметить, что формируется мировой опыт использования электронных пособий на уроках, а такэе накапливается опыт организации образовательной деятельности с помощью технических средств. Это показывает, что основы для внедрения мирового опыта и использования цифровых медиа на уроке литературы имеются и важно внедрять их в жизнь.

Представленный в работе метод широко используется в вопросах цифровизации образования во многих странах мира. В современной методике обучения центром воспитания является не учитель, а ученик, т.е. повышение его активности на уроке. Решение такой проблемы требует внедрения инновационных методов преподавания литературы и разработки личностно-ориентированной методики.

Проведенные к настоящему времени научно-исследовательские работы по рассматриваемый проблеме актуальны, а также в работе оценены подходы и методы специалистов по проблемам развития цифровой дидактики в обучении общечеловеческим ценностям.

Gurbanmyrat Sähedow, Şamuhammet Nepesow
(Türkmenistan)

TÜRKMENISTANDA GELJEGIŇ SPORTY HASAPLANYLÝAN FIJITAL SPORT ÖSDÜRILÝÄR

Hormatly Prezidentimiziň, Milli Liderimiziň ýaşlar baradaky aladalarynyň netijesinde ata Watanymyza, halkymyza, oňyn ýörelgelerimize, milli däp-dessurlarymyza wepaly, bilimini ýokarlandyrmaga, bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmaga, hünär öwrenmäge, zähmet çekmäge höwesli, ruhubelent ýaşlar kemala gelýär. Ösen kompýuter tehnologiýalaryna ezberlik bilen erk edýän ýaş nesilleriň arasynda innowasion tehnologiýalar bilen bagly sport görnüşleri uly meşhurlyk gazanýar.

Käbir ýaşlaryň kibersporta aşa gyzygyp, hereketli oýunlardan üzňeleşip, wirtual dünýä berilmegi olary-da fiziki işjeňlige dolamak hakda çynlakaý pikirlenmäge

iterdi. Fijital sport munuň oňyn çözgüdi hökmünde tapylan täze sport görnüşidir. Dünýäniň sport bilermenleri sportuň hereketli görnüşlerinden, kompýuter sportundan tapawutlandyryp, fijital sporty aýratyn görnüş hasaplamak bilen, onuň geljekde bu iki ugurdan hem çalt depginde has öňe gitjekdigini tekrarlaýarlar.

Fijital sport (hereketli-sanly sport) – sportuň toplumlaýyn görnüşi bolup, türgen ýekelikde ýa-da toparlaýyn sportuň belli bir görnüşi boýunça hereketli hem sanly wirtual dünýäde garşydaşy bilen bäsleşýär. Ol "physical" we "digital" diýen iňlis sözleriniň birikmeginden dörän "hereketli-sanly sport" diýen manyny berýär.

Fijital sport beden taýýarlygyny talap edýän hereketli, adaty sport oýny bilen kibersportuň, ylmyň we tehnologiýanyň utgaşmagyndan dörän täze sport görnüşidir. Munda türgen hem wirtual dünýäde kompýuterde ýokary netije görkezmeli, hem meýdançada özüni synamaly. Fijital sportda birbada iki ugurdan baş alyp çykmaly. Fijital sport kompýuter oýnunda wirtual dünýäde ussat kibertürgeniň ezberligini, çalasynlygyny iş ýüzünde synap görmegi maksat edinýär. Häzirki wagtda sportuň islendik görnüşi sanly ulgamda oýnamak üçin ýörite işlenen programmalarda elýeterlidir. Wideo-oýunlar sportuň haýsy görnüşinden taýýarlanan bolsa, ondaky düzgünler, kadalar hereketli görnüşinden tapawutlanmaýar.

Türkmenistanyň Milli elektron sport federasiýasy we Russiýa Federasiýasynyň "Kompýuter we beýleki sporty ösdürmek gullugy" guramasy 2023-nji ýylyň 22-nji noýabrynda fijital sporty ösdürmek boýunça özara düşünişmek barada ähtnama gol çekdiler. Ähtnamanyň çäklerinde iki gurama bilelikde milli we halkara derejesinde sportuň bu görnüşini ösdürmäge gatnaşmak, halkara derejesinde ykrar edilmegini gazanmaga ýardam bermek babatda bilelikdäki işleri amala aşyrmagy maksat edinýärler. Ýaşlaryň ösen islegini we olaryň fiziki işjeňligini utgaşdyrýan sportuň täze görnüşi – fijital sport dünýäde giň gerim alýar. 2023-nji ýylda "Powolžýe döwlet bedenterbiýe, sport we syýahatçylyk uniwersiteti" (Tatarystan Respublikasy, Russiýa Federasiýasy) bilen Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň arasynda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ähtnama" esasynda fijital sporty boýunça tejribe alyşmaga, oýnuň düzgünlerini özleşdirmäge aýratyn ähmiýet berilýär. "Geljegiň oýny" diýlip atlandyrylan sportuň bu görnüşi boýunça dürli bäsleşikler, halkara ýaryşlar guralýar. "Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy" ýylynda Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň Kazan şäherinde guralan sportuň täze, ýokary tehnologik görnüşi bolan fijital sport halkara ýaryşyna ýurdumyzyň sport wekiliýetiniň gatnaşandygy aýratyn bellärliklidir. 2024-nji ýylyň aprel aýynda Bütindünýä saglyk güni mynasybetli Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň we umumybilim berýän orta mekdepleriniň okuwçylarynyň arasynda "Hereketli we sanly sport – sportda innowasiýalar" atly sportuň täze fijital görnüşleri (physical+digital) boýunça ýaryşlar hem-de açyk gapylar hepdeligi bu ugurda zehinli ýaşlary ýüze çykarmakda möhüm ähmiýete eýe boldy.

Gurbanmyrat Sahedov, Shamuhammet Nepesov
(Turkmenistan)

PHYGITAL SPORT, CONSIDERED THE SPORT OF THE FUTURE, IS DEVELOPING IN TURKMENISTAN

As a result of the concerns of the Esteemed President and the National Leader about youth, enthusiastic young people are formed, devoted to our Motherland, people, positive principles and national traditions, striving to improve their education, engage in physical education and sports, learn a profession and work hard. Sports related to innovative technologies are gaining great popularity among the younger generation, who are mastering advanced computer technologies.

Phygital sport (physical-digital sport) is a complex sport in which an athlete competes with an opponent in the mobile and digital virtual world in a specific sport individually or in a team. It means "physical-digital sport", which is a combination of the English words "physical" and "digital". Phygital sports is a new form of sport born from the combination of cybersports, science and technology with the action-oriented traditional sport that requires physical fitness. Here the athlete will have to show good results on a computer in the virtual world and test himself on the field. In phygital sport you have to do two things at once. The sports computer game phygital is designed to test the memory and skills of a cyberathlete in the virtual world.

Гурбанмырат Сахедов, Шамухаммет Непесов
(Туркменистан)

В ТУРКМЕНИСТАНЕ РАЗВИВАЕТСЯ ФИДЖИТАЛ-СПОРТ, СЧИТАЮЩИЙСЯ СПОРТОМ БУДУЩЕГО

Большую популярность среди молодого поколения, умело осваивающего передовые компьютерные технологии, набирают виды спорта, связанные с инновационными технологиями.

Фиджитал-спорт (подвижный цифровой спорт) является комплексным видом спорта, в котором спортсмен соревнуется с соперником в подвижном и цифровом виртуальном мире по определенному виду спорта индивидуально или в команде. Он означает "подвижный цифровой спорт)", что представляет собой комбинацию английских слов "physical" и "digital". Фиджитал-спорт – это новый вид спорта, возникший в результате сочетания киберспорта, науки и технологий с подвижным традиционным видом спорта, требующий физической подготовки. Здесь спортсмену предстоит показать высокие

результаты на компьютере в виртуальном мире и проверить себя на площадке. В фиджитальном спорте нужно одновременно владеть двумя направлениями. Он нацелен на испытание навыков, ловкости мастера киберспортсмена в виртуальном мире и в спортивной игре.

Doýduk Saparbaýewa
(Türkmenistan)

YLYM – ÖSÜŞLERIŇ BINÝADY

Arkadagly Gahryman Serdarymyz "Ýaşlar – Watanyň daýanjy" atly kitabynda: "Her bir döwletiň we jemgyýetiň sazlaşykly ösüşi ylym bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Şoňa görä-de, Garaşsyz döwletimizde ylym ulgamyny kämilleşdirmäge uly üns berýäris" diýip bellemek bilen, ýaş nesilleriň abraý-mertebesi, dürli ugurlarda eýelän ýeňişli ýollary, döredijilik üstünlikleri babatda buýsançly garaýyşlaryny beýan edýär. Hormatly Prezidentimiziň ylmy ösdürmegiň we kämilleşdirmegiň esasy wezipelerini we maksatlaryny jikme-jik beýan edýän taryhy çykyşlary-da muňa şaýatlyk edýär. Ýaş nesilleri döwrebap terbiýelemek, ylymly-bilimli, ýiti zehinli ýaşlary ylma çekmek we olary ylmy-barlag işlerine höweslendirmek baş maksada öwrülýär.

Türkmen halkynyň Milli Lideri alym Arkadagymyzyň dürli ugurlara bagyş-lanan kitaplarynda ylymly-bilimli bolmak üçin kitabyň, kitaphananyň hyzmaty hakynda ygtybarly maglumatlar berilýär. Gahryman Arkadagymyz "Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi" atly birinji kitabynda: "Türkmenleriň kitaba, paýhas-parasada goýýan hormaty aýratyn bellenilmäge mynasypdyr" diýýär.

Akyldar şahyr Magtymguly Pyragynyň "Kitap okan gullar magnydan dokdur" diýen sözleri ösen ynsanperwerlik, watançylyk duýguly düşünjeler bilen baýlaş-dyrylyp, "Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi" atly ikinji kitabyň ilkinji sahypasynyň başlangyç jümlelerinde görnükli orun eýeleýär: "...Çünki kitap okap, ylym-bilimimizi, akyl-gözýetimimizi baýlaşdyrýarys. Täze-täze ylmy açyşlary amala aşyrýarys, altyn setirleri asyrlara çaýylýan eserleri döredýäris" diýip, buýsançly belleýär. Görşümiz ýaly, üns merkezine alnan jümlelerde watansöýüjilik, pähim-parasatlylyk, geçmişiňe-geljegiňe buýsanç ýaly duýgular, şahyryň akyldarlygy hakdaky jaýdar pikirler kitabyň mukaddeslik gymmaty bilen baglanyşýar.

Alym Arkadagymyz Magtymgulynyň çuňňur many-mazmunly eserlerine aýratyn hormat goýmak bilen şahyryň uç-gyraksyz, düýpsüz umman ýaly döredijiliginde alymlara näderejede uýulýandygyny "Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi" atly kitabynda şeýle belleýär: "Ylym-bilimiň bahasy ýokdur, ylym-bilimden toplanan baýlyk adamzadyň hakyky baýlygydyr".

Kitabyň, kitaphananyň ylmy taglymat, esas hökmündäki hyzmaty häzirki zaman ylmynyň ösen derejesinde, innowasion tehnologiýanyň barha durmuşa berk ornaşýan we milli ruhuň galkynýan pursatynda has aýdyňlygy bilen ýüze çykýar.

Doyduk Saparbayeva
(Turkmenistan)

SCIENCE IS THE BASIS OF DEVELOPMENT

Our esteemed President, based on the great humanistic principles and traditions of our ancestors, has great respect for issues of education, the development of scientific thought and, in particular, for the book, which is the main source of dissemination of knowledge in the world, as well as for national values. created by our great historical figures. Books written by the distinguished President serve as valuable guidance in the implementation of important events that contribute to increasing the scientific potential of our country and the development of public consciousness.

In the implementation of these tasks, the activities of libraries are extremely important, especially in the era of rapid development of modern science and innovative technologies.

Дойдук Сапарбаева
(Туркменистан)

НАУКА – ОСНОВА РАЗВИТИЯ

Наш уважаемый Президент, основываясь на великих гуманистических принципах и традициях наших предков, с большим уважением относится к вопросам образования, развитию научной мысли и, в частности, к книге, являющейся основным источником распространения знаний в мире, а также и к национальным ценностям. созданным нашими великими историческими личностями. Книги, вышедшие из под пера уважаемого Президента, служат ценным руководством в процессах реализации важных мероприятий, способствующих повышению научного потенциала нашей страны и развитию общественного сознания.

В реализации данных задач чрезвычайно важна деятельность библиотек, в особенности в эпоху стремительного развития современной науки и инновационных технологий.

Oraznabat Saparmämmedowa, Olga Adykowa
(Türkmenistan)

ÄNEWIŇ DEMIRGAZYK DEPESINDEN ÝÜZE ÇYKARYLAN ANTROPOLOGIK TAPYNDYLAR

Änewiň demirgazygynda ýerleşýän depeden alnan süňk tapyndylar bilen birlikde, hronologiýasy boýunça meňzeş ýadygärliklerden alnan süňk tapyndylara-da seretmeli bolýar, sebäbi seriýa azlygynda galýar. Onuň sebäbi, mazarlygyň oturymly ýerden başgarak ýerde bolmagy bilen bagly.

Depäniň stratigrafik ýagdaýynyň öwrenilmegi netijesinde, üç (3) sany medeni gatlakda ýekelikde ýerleşdirilen mazarlaryň üstünden baryldy. Birinji mazar 6-njy gatlagyň diwarynyň aşagynda, ol çaga degişli, çaganyň süýt we hemişelik dişleri saklanyp galypdyr. Ýaşy takmynan ýedi. Goýlan tarapy demirgazyk-günbatar-günbatar. Kellesi demirgazyga, ýüzi günbatara tarap. Skelet örülen kilimiň üstünde sag egnine ýatyrylypdyr, aýagy we elleri epilen, göwresi bükülen görnüşde. Kelleçanak, oňurga sütüniniň üstüne süýşüpdir, kelleçanagyň ýeňse tarapynda deşik bar. Boýun oňurgalaryň we but süňküniň ýanynda, ýüz süňklerine golaý hünjü-monjuklar goýlupdyr, 10-na golaý mermer daşyndan ýasalan monjuk däneleriniň üstünden baryldy. Skelet galdyrylanda oňurga sütüniniň ýokarky bölegine golaý malyň şahy goýlupdyr, onuň ýiti tarapy ýokaryk bakdyrylypdyr.

19-njy gatlagyň 28-nji ýarusynda ýene-de bir mazaryň üstünden baryldy. Ýokardan aşak seredilende 14–15 metr çuňlukda. Süňkler doly ösüp bitmedik, epifiz bilen diafiz bitmedik, ýaşy 18–20 diýlip çaklap bolar. Ýatyrylyşy çep egnine, epilen-bükülen görnüşde, kellesi gündogar-günorta-gündogara tarap bakdyrylypdyr. Elleri we aýaklary güýç bilen epilene meňzeş. Dyzçanagyň ýanynda şah goýypdyr. Birnäçe oňurgalary we döş süňki döwülipdir, badrabyň içine salyp üstünden çig kerpiçleri oklapdyrlar. Süňk galyndylar alnanda aşagynda gyzyl ohra boýagyň külkesi ýüze çykarylypdyr.

Soňky mazar 20-nji gatlakda, 30-njy ýarusdan çykarylypdyr. Erkek adam bolmagy mümkin. Skeletiň ýatyrylyşy üýtgeşik, dyzlary öňe çykyp duran, elleri doly ýüzüni ýapýar. Wagtyň geçmegi bilen süňkleriň anatomiki ýerleşişi üýtgäpdir.

Şeýlelikde, Änewiň demirgazygynda ýerleşýän depäniň 19–20-nji gatlagyndan ýüze çykarylan süňk tapyndylar Änew IA, 6-njy gatlakdan çykarylan tapyndylar bolsa Änew IB ýa-da Namazga I degişli diýlip hasap edilýär.

Alekşin W.A. Monjuklydepeden çykarylan 5 sany uly adama, 3 sany ýetginjege we 1 çaga degişli süňk tapyndylary Änew IA döwre degişli diýip hasap edýär. Mazarlaryň içinde gap-gaç ýok.

Änewiň demirgazygynda ýerleşýän depede şol döwre degişli oturymly ýerde ilkinji gezek skeletiň ýanynda gap-gaç we bezeg esbaplar süňküň üstünde goýlupdyr.

Amerikan ekspedisiýasy tarapyndan çaga degişli 14 sany süňk tapyndy alyndy. Olardan 6 sanysynyň boýnunda monjuk tapylýar. Dogrudan hem, antropologik tapyndylaryň az mukdarda bolmagy (nekropolyň üstünden heniz barlanok) statistik maglumatlary toplap netije çykarmagy kynlaşdyrýar.

Jemlämizde, Jeýtun medeniýeti bilen Änew medeniýeti deňeşdirilende, özgerişleriň bolandygy gowy duýulýar. Oturumly ýerlerde oba hojalyga has köp üns berlipdir. Adamlar bugdaý we arpa önümçiligini kämilleşdiripdirler. Daglardan gelýän çeşmedir-çaýlar tygşytly ulanylypdyr. Önümçilik ösýär, demir, deri, külalçylyk hünärleri has kämilleşýär.

Ideologiýa meselesinde-de änewlileriň öz garaýyşlary, däp-dessurlary bolupdyr. Olaryň ybadathanalary gyzyl boýag bilen boýalypdyr. Olaryň içinde antropomorf, zoomorf heýkeljikler ýerleşdiripdirler. Jaýlanan adamlaryň boýnuny hünji, monjuk bilen bezäpdirler, töwereginde külalçylyk önümlerini goýupdyrlar.

Änew medeniýeti dünýäde ilkinji siwilizasiýalaryň biri diýlip alymlar tarapyndan yglan edildi. Şol irki siwilizasiýanyň türkmen topragynda döremegi, milli däp-dessurlarymyz öz gözbaşyny eneolit döwründen alyp gaýdýandygyna halkymyzyň buýsanmagynyň çägi ýok.

Oraznabat Saparmammedova, Olga Adykova
(Turkmenistan)

ANTHROPOLOGICAL FINDS FROM THE NORTH HILL OF ANEV

Anthropological finds from the northern Anev hill are small in number. Despite this circumstance, some conclusions can be drawn, the main one of which is that an early agricultural civilization actually existed in this territory. The local population had a rich, distinctive culture and their own religious beliefs, which is confirmed by rare anthropological finds.

The anthropological finds relate to childhood, they are in a crouched state, there are beads on the neck and body, sprinkled with red ocher.

Comparing the identified artifacts that belonged to the Jeytun and Anev cultures, obvious progress is visible: new trends in land cultivation and in the cultivation of wheat and barley, progress is also noticeable in the development of pottery and leather crafts. All this confirms the scientific hypothesis of the origin of agricultural crops on the ancient Turkmen land.

Оразнабат Сапармаммедова, Ольга Адыкова
(Туркменистан)

АНТРОПОЛОГИЧЕСКИЕ НАХОДКИ С СЕВЕРНОГО ХОЛМА АНАУ

Антропологические находки с северного холма Анау по численности невелики. Несмотря на данное обстоятельство можно сделать некоторые выводы, главное из которых состоит в том, что на данной территории действительно существовала раннеземледельческая цивилизация. У местного населения была богатая самобытная культура и свои религиозные верования, что подтверждают редкие антропологические находки.

Антропологические находки относятся к детскому возрасту, они находятся в скорченном состоянии, на шее и на теле имеется бисер.

Сравнивая выявленные артефакты, принадлежавшие джейтунской и анауской культурам, виден очевидный прогресс: новые тенденции в обработке земли и в выращивании пшеницы и ячменя, заметен прогресс и в развтии гончарного и кожевенного ремесел. Все это подтверждает научную гипотезу зарождения земледельческих культур на древней туркменской земле.

Annamyrat Saparmuhammedow, Baýramsoltan Gurbanowa
(Türkmenistan)

TÜRKMEN TEATRYNDA “GÖROGLY” DESSANÇYLYK SUNGATY

Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň ilkinji ýyllarynda teatrda, kinoda, edebiýatda, saz sungatynda, suratkeşlikde, heýkeltaraşlykda, hatda binagärlik bezeg işlerinde täzeçe dünýägaraýyşly, ýaşajyk döwletiň binýadynda ruhy sütün boljak milli sungat eserlerini döretmek esasy wezipeleriň hataryna çykdy. Häzirki zaman türkmen teatrynyň eserlerinde halk döredijiliginiň çeşmeleri, serişdeleri örän uly orun tutýar. Sungatyň “dili” bilen türkmen dessanlaryny, şadessanlaryny, halk ertekilerini tomaşaçylara ýetirmek teatryň işinde üstünlikli amala aşyrylýar. “Görogly” şadessanynyň şahalary boýunça birnäçe spektakllar sahnalaşdyryldy. Halk döredijiliginiň baý çeşmeleri milli teatryň ösmegi üçin düýpli esas boldy. Dürli ýyllarda sahnalaşdyrylan “Harmandäli”, “Gyrat”, “Göroglynyň öýlenişi” ýaly ýaly spektakllar şowly çykan eserleriň hatarynda köpsanly oňyn seslenmelere mynasyp boldy.

“Görogly” şadessany boýunça sahnalaşdyrylan spektakllar seljerilende, teatryň käbir aýratynlyklaryny bellemek gerek. Ýazuw çeşmelerinde doly beýan

edilmedik, emma halkyň dilinden ýazylyp alnyp, XX we XXI asyrda birnäçe gezek ýokary usulda çap edilen şadessan halkyň edebi baýlygydyr. Edebi eserde wakalary bütin giňişligi bilen beýan etmäge mümkinçilik bar. Leşgerleriň sanyny ýüz-müňlere ýetirip, wakalaryň gahrymanlarynyň sanyny köpeltmek hem, gudratly wakalary ägirt uly giňişlige sygdyrmak hem, galalary beýgeltmek, köşgi çenden-aşa baýlaşdyrmak mümkinçiligi çäksizdir. Teatryň çäkli sahnasy köpçüligi bellenen sana çenli çykarmaga mejbur edýär, ýer we wagt çägi şertli görkezilýär. Şonuň üçin wakalar gysgaldylýar ýa-da çugdamlanylýar. Muňa garamazdan, sahna ussatlarynyň çeperçilik kämilligi döwrüň, wakanyň ruhuny ähli öwüşginleri bilen janlandyrmaga ukyplydyr. Şonuň bilen birlikde teatryň suratkeşiniň, režissýorynyň döwrebap tehnologiýa serişdelerine – audio, wizual bezeglere ökde erk etmegi hem sahna eserine röwüş berýär.

"Görogly" şadessanynyň esasynda türkmen teatrlarynda birnäçe gezek "Gyrat" spektakly sahnalaşdyrylýar. Spektakl şadessanyň "Kempir" şahasynyň esasynda sahnalaşdyrylýar. Entek XX asyryň ikinji ýarymynda şadessanyň bu şahasy boýunça radio oýny goýlupdy.

Spektaklda kempiriň obrazyna hem döredijilikli çemeleşilipdir. Kempiriň Gyrata atlanyp, bat alyp, aklyndan jyda düşüp, telbelige salan bolup oýun edýän pursatlary ikinji aktrisanyň üsti bilen amala aşyrylýar.

Dessançylyk sungatynyň aýdyşyk däpleri türkmen teatrlarynyň sazly drama eserlerine milli öwüşgin berýär. Göroglynyň gahrymançylykly ýörelgeleri watançylyk terbiýesini öwretmekde ähmiýetlidir. "Görogly" şadessanynyň şahalarynyň esasynda sahnalaşdyrylan spektakllarda dessançylyk sungatynyň seriş-delerinden, bezeglerde türkmen milli nagyşlaryndan işjeň peýdalanylyp, häzirki döwrüň milli teatrynda eseriň özboluşly şahandaz häsiýetleri ýüze çykaryldy.

Annamyrat Saparmukhammedov, Bayramsoltan Gurbanova
(Turkmenistan)

THE ROLE OF "DESSAN'S ART GOROGLY" IN THE TURKMEN THEATRE

Folk art occupies an important place in the repertoire of modern Turkmen theater. Successfully carried out theatrical performance Turkmen dessans, shadessans and folk tales. several performances on some parts shadestana "Gorogly" were delivered. Rich sources of folk art became a deep foundation for the development of the Turkmen National Theatre. Implemented in different years theatre "Harmandali", "Gyrat", "The Marriage Gorogly" awarded

numerous reviews, which put them in a number of successful theatrical productions.

On the basis of the means used in the art destan performances delivered by some parts of the “Gorogly” revealed their unique funny, cheerful quality.

Аннамырат Сапармухаммедов, Байрамсолтан Курбанова
(Туркменистан)

ДЕСТАНА “ГЕРОГЛЫ” В ТУРКМЕНСКОМ ТЕАТРЕ

Народное творчество занимает значительное место в репертуаре современного туркменского театра. Успешно осуществляются театральные постановки туркменских дестанов, шадестанов и народных сказок. Были поставлены несколько спектаклей по мотивам шадестана “Героглы”. Богатые источники народного творчества стали глубокой основой для развития туркменского национального театра. Осуществленные в разные годы театральные постановки “Хармандяли”, “Гырат”, “Женитьба Героглы” удостоились многочисленных положительных отзывов, что поставило их в ряд успешных театральных произведений.

Gurbangözel Saparowa
(Türkmenistan)

ÝURDUŇ SYÝASY-HUKUK MEDENIÝETINIŇ KÄMILLEŞMEGI

Demokratiki jemgyýeti kemala getirmekligiň taraplarynyň biri–raýatlaryň demokratik kadalar we nusgalar esasynda pikir ýöretmek we özlerini medeni alyp barmak aýratynlyklary bilen bagly bolýar. Bu hem adamyň syýasy we hukuk medeniýeti bilen kesgitlenýär.

Adamlaryň hukuk medeniýetiniň kämilleşmegi köp zat bilen bagly bolýar. Syýasy medeniýet adamyň umumy medeniýetiniň aýrylmaz bir bölegi bolup, onuň syýasy häkimiýetde özüni alyp barşynyň özboluşlygy hökmünde çykyş edýär. Ol köp derejede adamlaryň ýaşaýyş durmuşy, geljege bolan ynamy bilen bagly bolýar. Gahryman Arkadagymyz ýurduň häzirki özgerýän döwründe medeniýetiň ornuna aýratyn üns berýär. Medeniýetiň ýurdy ösdürmegiň örän möhüm serişdesi hökmünde demokratik we durmuş özgertmeleriniň esasy bolup durýanlygy barada belläp geçýär. Hut medeniýet bu ösüşe ýol açýar. Türkmen halkynyň däp-dessurlary, milli mirasymyz biziň üstünlikli öňe gitmegimiziň esasy bolýandygyny

belläp geçýär. Diýmek, biziň halkymyzyň tehnologik siwilizasiýa ýoluna düşen döwrümizde, onuň şertlerinde ýaşamak üçin ulanylýan ýörelgeler ilki bilen medeniýet, medeni miras bilen kesgitlenýär. Taryhda biziň ata-babalarymyz öz geljekki nesillerine baý medeni mirasy goýup gidipdirler. Türkmen jemgyýetinde gadym döwürlerden bäri ýaşululara sala-salmak, maslahatlaşmak gadymdan gelýän däp-dessur hasaplanýar. Gadymy döwürlerde türkmen jemgyýetinde ýaşululara bilen maslahatlaşyp işe başlamak, täze başlangyçlara ýol açmak däbe öwrülipdir we häzirki döwürde hem bu däplerimiz özüniň giň many-mazmunyny açýar. Türkmen halky aksakally ýaşululara uly hormat goýup gelipdir, olaryň baý durmuş tejribesine, paýhasly maslahatlaryna gulak goýupdyr. Biziň halkymyz ýurt ähmiýetli adamlar üçin wajyp bolan işleri geňeşip,olary agzbirlikde, bitewilikde çözmeklige çalşyp gelipdirler. Şol bitewilik hem halkymyzy döwürlerden-döwürlere aşyp gelýän agzibirligimizi has hem pugtalandyrýar. Şu özgerişleriň esasynda bolsa kemala gelýän syýasy medeniýet adamlaryň öz bähbitleriniň özboluşlylygyna düşünmäge, olary syýasy ýörelgeleriň esasynda amal etmäge bolan ukybyny ýokarlandyrýar. Syýasy medeniýet adamlaryň syýasy hereketiniň görnüşlerinde (mysal üçin, syýasy işewürliginde) syýasata, syýasy edaralaryň işine oňaýly garaýyşlarynyň esasynda ýüze çykýar. Ony biz häzirki döwürde adamlaryň saýlawlara gatnaşygynda has aýdyň görýäris.

Ýurdumyzyň ösüşi Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe täze türkmen jemgyýetiniň öz içki döredijilik we gurujylyk ukyplaryny açyp kämilleşdirýän döwrüdir. Şol ukyplar milli aňyň umumadamzat gymmatlyklary bilen sazlaşmagy esasynda açylýar. Gahryman Arkadagymyz bu ýerde öňde duran işleriň wajyplygyny we köptaraplydygy barada öz çykyşlarynda belläp geçýär. Türkmeniň ruhy gymmatlyklary, däp-dessurlary, köne we täzeçe tejribäni, maksatlary we wezipeleri, usullary we serişdeleri täzeden dikeltmegiň wajyplygyny belleýär. Bu bolsa häzirki döwürde “innowasiýa” diýlip atlandyrylýan, örän giň manyny öz içine alýan düşünje bilen sazlaşýar.

Gurbangozel Saparova
(Turkmenistan)

DEVELOPMENT OF THE POLITICAL AND LEGAL CULTURE OF THE COUNTRY

The article reveals the main aspect of improving a democratic society, which is associated with the reflection of citizens on the basis of democratic norms, models and behavioral characteristics. It is also related to the political and legal culture of a

person. The political culture that develops on the basis of these changes shows their independent thinking about their interests, their ability to refine political views and principles. The parties of our country pay special attention to the use in modern life the spiritual and cultural values, the thoughts of our sages and thinkers, as well as the ancient traditions of our people

Гурбангозель Сапарова
(Туркменистан)

РАЗВИТИЕ ПОЛИТИКО-ПРАВОВОЙ КУЛЬТУРЫ СТРАНЫ

В статье раскрывается основная сторона совершенствования демократического общества, которая связана с размышлениями граждан на основе демократических норм, моделей и особенностями поведения. Это также связано с политической и правовой культурой человека.

Политическая культура, развивающаяся на основе этих изменений, показывает их самостоятельное мышление о своих интересах, их способность дорабатывать политические взгляды и принципы. Партии нашей страны уделяют особое внимание использованию в современной жизни духовно-культурных ценностей, мыслей наших мудрецов и мыслителей, древних традиций нашего народа.

Maral Sähetgeldiýewa
(Türkmenistan)

ISGENDER BEG TÜRKMENIŇ “TARYHY ÄLEM ARAÝY ABBASY” ESERI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda milli mirasymyzy ylmy esasda öwrenmekde we halka ýetirmekde uly tutumly işler amala aşyrylýar. Oňa hormatly Prezidentimiziň “Türkmen medeniýeti dünýä medeniýetiniň ösüşine mynasyp goşant goşdy. Biz medeniýet ulgamyny döwrebap ýagdaýa getirmek, milli mirasymyzyň gymmatlyklaryny düýpli öwrenmek, gorap saklamak we dünýä ýaýmak boýunça işleri dowam etdireris” diýen çuň manyly sözleri hem şaýatlyk edýär. Halkymyzyň taryhynda görnükli orun eýeleýän, XVI – XVII asyrlaryň sepgidinde ýaşap geçen görnükli taryhçy alym we döwlet işgäri Isgender beg Türkmeniň döredijiligi hem, hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen has giňişleýin öwrenilip başlanyldy.

Isgender beg Türkmeniň ady görnükli turkmen taryhçylarynyň arasynda aýratyn orun eýeleýär. Alym Sefewi döwletiniň hökümdary Abbas I-niň (1587–1629) beýik münşileriniň (kätiplerniň) biri bolupdyr. Şonuň üçin, ylym dünýäsinde onuň ady Isgender beg Münşi Türkmen (käbir çeşmelerde: Isgender beg Münşi) görnüşinde giňden bellidir. Taryh ylmynda Isgender beg Türkmeniň durmuş we döredijilik ýoluny öwrenmekde belli derejede işler edildi. Onuň döredijiligi XIX asyryň ortalaryndan başlap, ýewropaly we beýleki gündogary öwreniji alymlaryň ünsüni özüne çekip gelýär. Bu meselede görnükli işleri bitiren dünýä alymlary B. Dorn, W. Bartold, F. Erdman, A. Romaskewiç, I. Petruşewskiý, I. Afşar, M. Razwani, Z. Safa, Ş. Farzalyýew, A. Rahmani, A. Ýazberdiýew we J. Annaorazow ýaly başga-da onlarça alymy ýatlamak bolar.

Isgender beg Türkmen dünýä ylmynda özüniň "Taryhy älem araýy Abbasy" (تاریخ علم آرای عباسی – "Äleme zynat beriji Abbasyň taryhy") atly eseri bilen bellidir. Alym türkmen halkynyň XVI–XVII asyrlaryň taryhy, ykdysadyýeti, sosial gatnaşyklary barada deňi-taýy bolmadyk maglumatlary bize galdyrypdyr. Ol, aýratyn-da, Sefewi türkmen döwletiniň döreýşi, ösüşi, onuň hökumdarlary, olaryň özara gatnaşyklary we beýleki syýasy ýagdaýlar barada gyzykly hem ygtybarly maglumatlar berýär. Bu eseriň ýene-de bir ähmiýetli tarapy, onda Sefewi döwletiniň alymlarynyň, suratkeşleriniň, şahyrlarynyň, sazandalarynyň, goşun serkerdeleriniň we hökümdarlarynyň durmuşyna degişli maglumatlary-da bar. Onuň käbir bölümlerinde dürli döwürlerde ýaşap geçen şahyrlaryň döredijiliginden alnan şygyrlar, atalar sözi we nakyllar hem duş gelmek bolýar. Mysal üçin, eseriň 1-nji tomunda 600-den gowrak şygyr setirleri ulanylypdyr. Şonuň bilen bir hatarda, alymyň "Taryhy älem araýy Abbasy" eserinde Sefewi döwletiniň administratiw, harby, maliýe we dini meseleleri, Osmanlylar, Gürjüstanlar, Hindistanyň Mogollar şadöwleti ýaly sebit ýurtlarynyň we halklarynyň taryhy boýunça gymmatly maglumatlar berilýär. Şonuň üçin, soňky üç asyryň dowamynda bu eser köp halklaryň arasynda ýaýrap, uly meşhurlyga eýe bolupdyr. Eser birnäçe daşary ýurt dillerine, ýagny iňlis, rus, türk, azerbaýjan dillerine terjime edilip, okyjylar köpçüligine hödürlenipdir.

Taryhy öwreniji alymlaryň bellemegine görä, "Taryhy älem araýy Abbasy" eseri ýazylanda awtor, esasan, şu aşakdaky çeşmelerden peýdalanypdyr 1. Ýazaryň öz okan kitaplary, şol sanda taryhy we edebi eserler; 2. Döwlet we arhiw resminamalary; 3. Durmuşdan alnan maglumatlar we 4. Alymyň dürli adamlardan eşiden hekaýalary.

"Taryhy älem araýy Abbasy" eseriň gurluşy barada aýdylanda, ol "Sahypa" (صحیفه) diýlip atlandyrylan üç jiltden ybarat. Olar hem öz aralarynda ululy-kiçili

bölümlere bölünýär. Mysal üçin, eseriň 1-nji jildi “Mukaddeme” (مقدمه) diylip atlandyrylan girişden we “Makala” (مقاله) diýen 12 sany bölümden ybarat. Isgender beg Türkmeniň bu eseri şol döwrüň ýazuw edebiýatyna mahsus bolan pars edebi dilinde ýazylypdyr. Onuň dili ýeňil. Sözlemleri düşnükli we onçakly çylşyrymly däl. Onda jemgyýetçilik-syýasy, administratiw-dolandyryş, harby ulgam, ylym-bilim bilen baglanyşykly sözler, adalgalar agdyklyk etse-de, umumylykda alanyňda, eseriň dili halk köpçüligine düşnüklidir.

Umuman, Isgender beg Türkmeniň “Taryhy älem araýy Abbasy” eseri diňe bir Türkmenistanyň däl, eýsem Eýranyň, Owganystanyň, Türkiýäniň, Azerbaýjanyň, Özbegistanyň, Gürjüstanyň, Hindistanyň, Arap yurtlarynyň we bagşa-da birnäçe ýurtlaryň taryhyny öwrenmek nukdaýnazaryndan uly ähmiýete eýedir. Türkmen taryhçysynyň bu eseri orta asyryň edebiýatyny we diliň umumy meselelerini öwrenmekde hem baý maglumatlary berip biljek eserdir.

Maral Sahatgeldiyeva
(Turkmenistan)

WORK OF ISGENDER BEG TURKMEN “TARYHY ALEM ARAYY ABBASY”

The historical work “Tarikhi alem arayy Abbasy” (“The History of World Decorator Abbas”) by leading representative of the court historiography of the Safavid dynasty Isgender Beg Munshi Turkmen is a valuable source for studying the history of Turkmenistan. At the same time, it contains interesting materials on the history of the countries and peoples of Central Asia, the Middle East, the Caucasus and other regions. It includes short biographies of rulers, government officials, military leaders, secretaries, poets, etc.

For several centuries this work has attracted the attention of researchers from several countries around the world. The work has been translated into many languages, including English, Russian, Turkish, and Azerbaijani. Despite this, to date there are practically no generalizing philological works on the study of the mentioned work of Turkmen scientist Isgender Beg Turkmen.

The work “Taryhy alem arayy Abbasy” is written in Persian and is an important historical monument of literature and language of the 16th–17th centuries. The presentation style is clear, easy to understand, using simple sentences and phrases. The vocabulary of the work contains rich linguistic material in the lexical-semantic, lexical-genetic and lexical-stylistic terms.

Марал Сахатгельдыева
(Туркменистан)

ПРОИЗВЕДЕНИЕ ИСКАНДЕР-БЕКА ТУРКМЕНА “ТАРИХИ АЛАМ АРАЙИ АББАСИ”

Историческое сочинение “Тарихи алам арайи Аббаси” (“История украшателя мира Аббаса”), принадлежащее перу крупнейшего представителя придворной историографии династии Сефевидов Искендер-бека Мунши Туркмена, представляет собой ценный источник для изучения истории Туркменистана. Вместе с тем, в нём содержатся интересные материалы по истории стран и народов Средней Азии, Ближнего Востока, Кавказа и других регионов. Он включает в себя краткие биографии правителей, государственных чиновников, военачальников, секретарей, поэтов и т.д. Уже несколько столетий это произведение привлекает внимание исследователей ряда стран мира. Данное сочинение переведено на многие языки, в том числе английский, русский, турецкий, азербайджанский. Несмотря на это, до настоящего времени практически отсутствуют обобщающие филологические работы по изучению упомянутого произведения туркменского ученого.

Произведение “Тарихи алам арайи Аббаси” написано на персидском языке и является важным историческим памятником литературы и языка XVI–XVII веков. Стиль изложения ясный, доступный для понимания, с использованием несложных предложений и словосочетаний. Лексика произведения содержит богатый языковой материал в лексико-семантическом, лексико-генетическом и в лексико-стилистическом планах.

Abdylmejit Sähetmämmedow
(Türkmenistan)

SAMANY DÖWLETINIŇ TÜRKMEN ALYMLARY

Geçmişde ýaşap geçen söz ussatlaryň ylmy-edebi mirasyny ylmy esasda öwrenmek we ony ähli hakykaty bilen jemgyýetçilige ýetirmek, diňe bir türkmen ylmy üçin däl, eýsem Gündogar medeniýetini, taryhyny öwrenmekde-de ähmiýeti uludyr. Gündogaryň taryhynda, ylmynda we sözleýiş medeniýetinde türkmen topragynda ençeme alymlar, şahyrlar özleriniň deňsiz-taýsyz eserleri bilen öçmejek yz galdyrypdyrlar.

Taryhy çeşmelerde Samany döwletiniň gelip çykyşy barada Sasany imperatorlygyna bagly Behram Çubin maşgalasyna degişlidigi aýdylsa-da,

Ilhanly weziri Reşideddin Fazlullah (1248–1318) “Jämi al-Tawarih” (“Taryhlar ýygyndysy”) atly eserinde Samanylaryň türkmen asylly bolup Oguz boýundan gelip çykandyklaryny aýdyp geçýär. Hususan hem, “Jämi al-Tawarih” atly eserde bu ýagdaý şeýle beýan edilýär: “Oguz hökümdary Dukur Ýawkynyň ölüminden soňra Saman Ýawky bu şahs asylzadalardandyr. Maweraunnehirde patyşalyk derejesine çenli ýetdi. Oňa eýranlylar Saman-Huda diýerdiler. Ol bütin samanylaryň atasydyr”. Samanyň adynyň “Hudat” sözüniň pars dilinde “eýe” (bir zadyň eýesi), köne uýgur dilinde bolsa, “dereje”, “at” manylarynyň bardygyny öňe sürlüp, onuň asyl gelip çykyşynyň türkmendigi nygtalýar. Mundan başga-da, Osmanly taryhçylaryndan Muslihuddin Lari hem “Jämi al-Tawarih” atly esere ýüzlenip, Samanylaryň türkmendikleri baradaky garaýyş bilen ylalaşýar. Bu meseläni içgin işlän taryhçylaryň biri-de Şemseddin Günaltaýdyr. Onuň “Seljuklaryň çozmagy yslam dünýäsiniň dargamagynyň sebäbimi?” atly makalasynda Reşideddin we Lara salgylanyp Samanylaryň türkmenlerdendigi bellenilýär.

Taryhy çeşmelerden mälim bolşy ýaly, Samany döwletinde alymlara uly hormat goýlupdyr. Abu Aly ibn Sina (980–1037), Samany hökümdary Nuh ibn Mansuryň (ö. 997) agyr hastalygyna em edenden soňra, köşk tebipligi (hekimligi) wezipesine bellenilipdir. Şeýlelikde, Ibn Sina heniz on sekiz ýaşyndaka Merwiň we Samany döwletiň höküm sürýän beýleki sebitleriniň kitaphanalaryndan peýdalanmak mümkinçiligine eýe bolupdyr. Ibn Sina Köneürgenje baranda Emir Aly ibn Mamun ony uly hormat bilen garşylap, welaýatyň alymlary bilen ylmy duşuşyklar geçirmegine ýardam edipdir. Emiriň köşgünde Abu Reýhan Biruny (973–1048), Ebu Sehl al-Mesihi, Ibnul-Hammar we Ibn Yrak ýaly alymlar zähmet çekipdirler. Şol ylmy mejlisleriň birinde Ibn Sina bilen Birunynyň arasynda fizika we astronomiýa ylymlary bilen baglanyşykly ylmy çekişmeler bolupdyr.

Samanylar döwletinde Merwezi tahallusly alymlar barmak basyp sanardan köpdür. Bu alymlaryň iň meşhurlarynyň biri hem Muhammet ibn Muhammet al-Merwezidir. Ol Buhara kazysy bolandygy sebäpli “al-Hakim”, Samany döwletiniň weziri bolan wagtynda janyna kast edilmegi sebäpli bolsa, “aş-Şahid” lakamyny alypdyr. Horasanyň kethudasy hasaplanýan al-Merwezi, 885-nji ýylda Merw şäherinde doglupdyr. Abu Reja ibn Naji Marufuň “Urubetululema al-Mensubine İlelbuldanil Agjemiýýe fi Horasan” (“Horasandaky Ajam (arap bolmaýan) alymlaryň gelip çykyşy”) atly eserinde 946-njy ýylda Merwde wepat bolup, şol ýerde-de jaýlanandygy aýdylýar. Al-Merweziniň maşgalasy barada taryhy çeşmelerde maglumat ýokdur. Ýeri gelende bellesek, Muhammet Merweziniň döredijiligi hakynda hormatly Arkadagymyzyň “Ömrümiň manysy” atly eserinde hem Hanafy mezhebiniň ilkinji “Muhtasar” eserini ýazan alymdygy barada maglumat berilipdir.

Abdylmejit Sahetmammedov
(Turkmenistan)

TURKMEN SCIENTISTS OF THE SAMANID STATE

As is known from historical sources, scientists were highly respected in the Samanid state. Abu Aly ibn Sina (980–1037) already in his youth had the opportunity to use the libraries of Merv and other regions of the Samanid state. Muhammed Mervezi, a native of Merv, gained great authority in the world of science mainly thanks to his scientific work, which he called "Al-Kafi" ("Sufficient"). In his work, he explained in simple language the main issues of Islamic law. The fact that this work is mentioned in most academic books on law is a testament to how valuable it is.

Абдылмеджит Сахетмаммедов
(Туркменистан)

ТУРКМЕНСКИЕ УЧЕНЫЕ ГОСУДАРСТВА САМАНИДОВ

Как известно из исторических источников, в государстве Саманидов ученые пользовались большим уважением. Абу Али ибн Сина (980–1037) уже в молодые годы имел возможность пользоваться библиотеками Мерва и других регионов Саманидского государства. Мухаммад Мервези, являвшийся урожденцем Мерва, обладал большим авторитетом в мире науки главным образом благодаря своему научному труду, названному им "Аль-Кафи" ("Достаточный"). В работе он простым языком разьяснил основные вопросы исламского права. Тот факт, что эта работа упоминается в большинстве научных книг, посвященных и праву, свидетельствует о том, насколько она ценна.

Enegül Şallyýewa
(Türkmenistan)

SEÝITNAZAR SEÝDI – TUÝUG ÝAZMAGYŇ USSADY

Tuýug gadymy goşgy düzülişiniň bir görnüşi bolup, tuýug ýazmaklyk däbi öz gözbaşyny orta asyrlardan alyp gaýdýar. Bu goşgy düzülişe şahyrlarymyzyň ýazan şygyrlaryna – tuýuglaryna bir söz bilen aýdylanda "söz oýnatmak täri" diýmek

hem bolar. Sebäbi tuýuglar her bir bentde üç sany omonimi getirmek bilen, şol omonimleriň üsti bilen ony ýazýan şahyryň "söz oýnatmak" tärine nähili derejede ussatdygyny aýdyň görkezýär. Şol ussatlaryň biri-de şygyrlarynyň diliniň çeperçiligi, labyzlylygy, akgynlylygy bilen halk köpçüliginiň söýgüsini gazanan XIX asyr türkmen edebiýatynyň görnükli wekili, serkerde şahyr Seýitnazar Seýdidir. Şahyryň döredijiliginde ussatlyk bilen işlenen tuýuglar aýratyn bellenilmäge mynasypdyr.

Tuýug dört setirden ybarat goşgy düzüliş görnüşidir. Kapyýalaşyşy taýdan tuýug rubagylara meňzeş bolup (a-a-b-a), onuň aýratynlygy aýdylyşy we ýazylyşy birmeňzeş bolup, dürli many aňladýan sözlerden – *omonimlerden* düzülmegidir. Türkmen edebiýatynyň taryhynda tuýug köp asyrlaryň dowamynda ulanylyp gelinýän goşgy düzüliş görnüşi bolsa-da, bu formada döredilen goşgularyň sany edebiýatymyzda beýle bir köpem däl. Sebäbi bir sözi dürli manyda getirip, şygyr döretmeklik adaty kapyýalary ulanyp şygyr döretmekden has kyndyr.

Seýitnazar Seýdi öz goşgularynda diliň çeperçilik serişdelerini – omonimleri ussatlyk bilen ulanmagy başaran şahyrdyr. Şahyryň "Alyna" goşgusy çeperçiligi, formasy taýdan şowly çykan tuýuglaryň hatarynda durýar. Şahyryň bu goşgusynda getirilýän sesdeş sözler (omonimler) at, sypat, işlik söz toparlaryna degişli bolup, dürli-dürli manyny aňladyp gelen "alyna" sözi ýedi gezek gaýtalanýar.

Söwdügim, gül özün para eýlemiş,
Reşk edibän ýaňaklaryň alyna.
Akmaga gül özün para eýlemiş,
Ynanyp, dünýäniň mekr-u-alyna.

Ýokarda getirilen ikinji setirdäki "alyna" sözi açyk gyzyl reňki aňladyp gelse, dördünji setirde bu söz "hile, mekir" manyny aňladyp gelipdir. Setiriň soňundaky –u goşulmasy häzirki zaman türkmen dilinde ulanylýan ugurdaşlygy bildirýän "we" baglaýjysynyň hyzmatyny ýerine ýetirýär.

Şahyr Seýitnazar Seýdi "Alyna" tuýugynda omonimleri ussatlyk bilen ulanmagy başarypdyr, emma onuň bu şygrynda kapyýasy taýdan tuýugyň däp bolup gelen *a-a-b-a* kapyýasyndan daşlaşyp, XVIII–XIX asyr türkmen nusgawy edebiýatynda işjeň ulanylan goşgy düzülişiniň bir görnüşi bolan goşuga ýakynlaşandygyny – goşugyňky ýaly kapyýa ulanandygyny ýörite belläp geçmelidiris. Bu bolsa Seýdiniň tuýug görnüşine döwrüne laýyk täzeçillik girizmegi başarandygyny görkezýär. Goşuk dört setirden ybarat bolup, kapyýalaşyşy taýdan *a-b-a-b, ç-ç-ç-b...* görnüşde bolup, nusgawy edebiýatyň şahyrlary tarapyndan iň işjeň ulanylan goşgy görnüşidir. Dört setirden ybarat bolan *goşuk, murapbag, rubagy, tuýug* goşgy düzülişi, olaryň arasyndaky özara meňzeşlik, ýakynlyk hem-de aýratynlyklar dogrusynda gündogary öwreniji rus alymy A.N.Samoýlowiç, Şotlandiýanyň gündogary öwreniji alymy W.Gibb, türk alymy M.F.Köprüliniň ylmy makalalarynda gyzykly maglumatlar berlipdir. Alym Wilkinson Gibb tuýug goşgy düzülişi hakda şeýle diýýär: "Rifmasy (kapyýasy)

rubaga gaty meňzeş, ýöne ölçegi boýunça tapawutly bir milli goşgy görnüşi hem bar. Gündogar – Türk edebiýatynda işlenen bu şygyr şekiline "duýug" ýa-da "tuýuk" ady berlipdir. Osmanly şahyrlarynyň kän bir üns bermedik bu şygyr şekili – tuýug halk edebiýaty goşgy şekillerinden mani (goşuk) we rubagynyň birleşmesinden orta çykan gibrid žanrdygyny görkezýär..." Şu ylmy pikirlere salgylansak, tuýug goşgy düzülişiniň hem goşuk we rubaga meňzejekdigi ikuçsuzdyr.

Mälim bolşuna görä, islendik žanrda ösüşler, özgerişler, üýtgeşmeler bolup biler. Muňa edebiýatymyzda däp bolan gazallaryň mysalynda hem göz ýetirmek mümkin. Şeýle özboluşly aýratynlyklary Seýdiniň "Alyna" şygrynyň mysalynda - tuýug goşgy düzülişiniň taryhyndaky ýüze çykan özgerişler, üýtgeşmeler esasynda düşündirmek bolar.

Enegul Shallyyeva
(Turkmenistan)

SEYITNAZAR SEYDI – MASTER OF WRITING "TUYUG"

This scientific paper presents scientific opinions about the poem "Alyna", written in the form of tuyugs, by prominent representative of the Turkmen classical literature Seyitnazar Seydi, as well as about their distinctions. Tuyug is a type of writing verses in the form of a quatrain that originated in the Turkic literature. By the method of rhyming, it is similar to rubai a-a-b-a, in which, unlike the rubai, it is necessary to rhyme one stanza with three separate homonyms, the words with identical pronunciations but different meanings. The meanings of the homonyms used in the stanza of the poem must be different. Therefore, this genre of lyrics was called "tuyug" according to the ancient form of the verb "to feel". The poetic form of the tuyug quatrains, which is characteristic only for the literature of the Turkic-speaking peoples, is described in the paper based on the example of the works by poets of the Turkmen literature.

Энегуль Шаллыева
(Туркменистан)

СЕЙИТНАЗАР СЕЙДИ – МАСТЕР НАПИСАНИЯ "ТУЮГА"

В данной научной статье представлены научные мнения о стихотворении "Алына", написанного в форме туюг, видного представителя туркменской классической литературы Сейитназара Сейди, а также его особенностях.

Туюг – это тип стихотворчества в форме четверостишья, зародившийся в тюркоязычных литературе. По способу составления рифм оно сходно с рубаи а-а-б-а, в котором, в отличие от рубаи, необходимо зарифмовать одну строфу тремя отдельными омонимами – словами, которые совпадают по звучанию, но при этом различаются по значению. Значения омонимов, используемых в строфе стихотворения, должны быть различными. Именно поэтому этот жанр лирики получил название “туюг” согласно древней форме глагола “чувствовать”. Стихотворная форма четверостиший туюг, характерная только для литературы тюркоязычных народов, раскрывается в статье на примере творчества поэтов туркменской литературы.

Mähri Şyhyýewa
(Türkmenistan)

PEDAGOGIK TEHNOLOGIÝALARYŇ YLMY ESASLARY

“Tehnologiýa” sözi ylmy adalga bolup, grek dilinden terjime edilende “tehne” – sungat, ussatlyk, ukyp-başarnyk we “logos” – ylym diýmekligi aňladýar.

Soňky wagtda bu adalga dürli ugurlarda ulanylyp, has giň düşündirişe we köp mana eýe boldy. E.De.Bononyň aýtmagyna görä, tehnologiýa – bu gazanan bilimleriňi ulanmaklygyň esasynda peýdaly bir zadyň önümçilik işidir. Häzirki wagtda “tehnologiýa” düşünjesi diňe bir senagatda däl-de, eýsem bilimde we ylymda hem giňden ulanylýar.

Öwretmekligiň tehnologiýasyna didaktiki serişdeleriň tertipli, yzygider ulanmaklyk üçin hereketleriň, öwretmekligiň görnüşleriniň hem-de usullarynyň umumylygy diýlip düşündirilýär we kesgitlenýär.

Ylymda tehnologiýa, bir tarapdan, belli bir iş ulgamy, şol sanda belli bir kadaly kesgitlenen iş usullary hem-de durmuşa geçirilmegini üpjün edýän serişdeler ulgamy bilen baglanyşyklydyr. Beýleki tarapdan, täze tehnologiýanyň ornaşdyrylmagy diňe bir işiň özi däl, eýsem maksatly sazlamalaryň, ony durmuşa geçirmek üçin zerur bolan belli bilim ulgamynyň düýpli üýtgedilmegine sebäp bolýar. Ylmy we pedagogiki edebiýaty öwrenmek we seljermek “pedagogiki tehnologiýa” düşünjesiniň köp ýazyjylar üçin dürli düşündirişleriniň bardygyny görkezdi:

Tehnologiýa sungat, ussatlyk, gaýtadan işlemegiň usullarynyň toplumy hökmünde tanalýar. Öwreniş tehnologiýasy netijelere gönükdirilen hereketleriň we amallaryň zynjyrydyr.

Pedagogiki tehnologiýa görnüşleriň, okuw usullarynyň we serişdeleriniň aýratyn toplumyny, ýerleşişini kesgitleýän psihologiki we pedagogiki garaýyşlaryň toplumydyr, pedagogiki hadysanyň guramaçylyk we usulyýet gurallarydyr. Şol bir

wagtyň özünde, pedagogiki tehnologiýanyň obýekti pedagogiki işiň gurluşy we logikasy bolup, oňa belli bir ýörelgelere hem-de şertlere laýyklykda pedagogiki maksatlara ýetmek üçin guramagyň usullary hökmünde düşünilýär.

Pedagogiki tehnologiýa meýilleşdirilen okuw netijelerine ýetmek işiniň beýanydyr. Şeýlelikde, tehnologiýa netijelere gönükdirilen hereketleriň we amallaryň zynjyrydyr.

Mugallymçylyk tehnologiýasy bilimiň görnüşlerini optimizirlemegi maksat edinýän tehniki hem-de adam baýlyklaryny we olaryň özara täsirini göz öňünde tutup, okatmagyň, öwrenmegiň ähli mümkinçiligini döretmek, ulanmak, kesgitlemek üçin yzygiderli usuldyr. Şeýlelikde, ol didaktiki gurallary ulanmagyň tertibini we yzygiderliligini, görnüşleri guramagyň we okatmagyň usullaryny saýlamak hem-de kesgitlemek üçin hereketleriň toplumy hökmünde kesgitlenilýär.

Öwreniş tehnologiýasy kesgitlenen maksatlaryň iň täsirli bolmagyny üpjün edýän okuwyň mazmunyny durmuşa geçirmek işidir.

Bilim bermegiň we öwretmekligiň tehnologiýasynyň meseleleri şu aşakdakylara gönükdirilen:

Öwrenmek (çeperçilik medeniýetiniň eserlerini estetiki taýdan kabul etmek (suratçylyk, grafika, heýkeltaraşlyk, binagärlik we ş.m.)).

Pikirlenmek (bir işi başlamak, döredijiligi içgin öwrenmek we ş.m.).

Gözlegde bolmak (okuw-döredijilik ýumuşlary we meseleleri çözmekligiň täze ýollaryny we usullaryny gözlemek we ş.m).

Döretmek (bir işiň başyny tutmak we başlamak).

Hyzmatdaşlyk etmek (öwrenmekligiň dowamynda mugallymlaryň, deňduşlaryň bilen gatnaşmak hem-de aýratynlykda we toparlaýyn zähmet çekmek).

Uýgunlaşmak (döredijilik we okuw işine täze şertlerde öwrenişmek).

Şeýlelikde, öwretmekligiň we bilim bermekligiň özeni 4 esasy bölekden ybarat bolup durýar: bilim bermekligiň we mazmunynyň görnüşi, serişdesi, anyklanyşy, usullary we kabul edilişi.

Mahri Shyhyyeva
(Turkmenistan)

SCIENTIFIC BASES OF PEDAGOGICAL TECHNOLOGIES

In the modern pedagogical literature of last years we often meet with the conception of “innovation”, “pedagogical technologies”, “technologies of training”, etc. “Technology” as the scientific term originates from Greek “tehne” (art, skill, ability) and “logos” (science).

Further the concept “technology” began to be used widely and in other fields of activity and has got wider interpretation. On expression of E.de Bono, the technology is a process of manufacture something useful by the knowledge we gained.During the present time concept “technology” is used not only in the industry, but also in the field of science and education.

The technology of training is defined as set of the selected actions and definition and sequence of use of didactic means, the organizations of forms and training methods.

Мехри Шихыева
(Туркменистан)

НАУЧНЫЕ ОСНОВЫ ПЕДАГОГИЧЕСКИХ ТЕХНОЛОГИЙ

В современной педагогической литературе последних лет довольно часто встречается понятие “инновация”, “педагогические технологии”, “технологии обучения” и т.п.

“Технология” как научный термин берет свое начало от греческого “tehne” (искусство, мастерство, умение) и “logos” (наука).

В дальнейшем понятие “технология” стало достаточно широко использоваться и в других сферах деятельности, т.е. приобрело более широкое толкование. По выражению Э. де Боно, технология - это процесс производства чего-либо полезного на основе использования знания. В настоящее же время понятие “технология” используется не только в промышленности, но также в области науки и образования.

Annanabat Tagandurdyýewa
(Türkmenistan)

“GORKUT ATA” ESERINDE SANLARYŇ ÇEPERÇILIK HYZMATY

Kyssa hem şygyr bilen ýazylan gahrymançylykly “Gorkut ata” eseri orta asyrlaryň (XI–XII asyrlar) edebi önümi bolup, onda türkmen halkynyň jemgyýetçilik, ykdysady, gurluşy, ahlak ýörelgesi hakynda taryhy-edebi maglumat öz beýanyny tapypdyr. Eseriň dilini öwrenimizde, türkmen diliniň baý sözlük gorundan ýerlikli peýdalanylandygyna göz ýetirip bilýäris. Türkmen halkynyň

taryhyna, jemgyýetçilik gurluşyna, medeni durmuşyna degişli gymmatly maglumatlary özüne siňdiren “Gorkut ata” kitabynda oguz-türkmenleriň parasatly ýaşulusy Gorkut atanyň keşbi arkaly oguzlaryň gelip çykyşy, taryhy hakynda çeper maglumatlar beýan edilýär.

“Gorkut ata” eserinde gahrymanlaryň içki duýgusyny, watan hakyndaky düşünjelerini, ahlak tämizligini ýüze çykarmakda çeperçilik serişdeleri giňden ulanylypdyr. Bu eserde halkyň ýaşaýyş durmuşynyň, ykdysadyýetiniň ýagdaýy, ahlak ýörelgesini äşgär edilmeginde sanlar hem çeperçilik tarapdan uly hyzmatlary bitiripdir. Gadymy eser bolan “Gorkut atada”, esasan bir, üç, ýedi, on, otuz, kyrk, altmyş, ýüz, müň sanlar işjeň ulanylyp, olar mukdar we tertip görkezip gelýär. Kitabyň girişinde Gorkut atanyň külli oguz-türkmen iline ýagşy dileg edýän alkyşly sözlerinde hem sanlaryň halkyň ruhy düşünjesini beýan etmegiň çeper serişdesi derejesinde ýerlikli getirilipdir. Muňa mysal: “Gerçekleriň üç *otuz on* ýaşyny doldurany ýeg. Üç otuz on ýaşyň dolsun, Hak size ýamanyny görkezmesin”. Şu dileglerde ýüz sanyň dürli birlik we onluk sanlaryň üsti bilen görkezilendigine göz ýetirip bilýäris. Şol sözlemlerde sanlar asyl manysynda ulanylypdyr.

“Üç kişi sagyndan, üç kişi solundan zynjyr bilen bugany tutardylar” diýen sözlemde üç san mukdar aňladyp, kişini sözüni aýyklap gelip, aýyrgyç hyzmatyny ýerine ýetirýär. “Hyzyr meniň ýanyma gelip, üç kere ýaramy sypady” diýen sözlemde üç mukdar aňladyp, hereketiň üç gezek gaýtalanandygyny bildirýär. Kyrk san halk döredijilik eserlerimizde, dessanlarymyzda söweşijileriň sanyny aňlatmak üçin has işjeň ulanylýar. “Oglan hem öz *kyrk* ýigidini ýanyna alyp, at saldy”. Bu mysalda kyrk san nökerleriň sanyny aňlatmaga hyzmat edýär. Aslynda, kyrk san gahrymançylykly eserlerde diňe bir mukdar aňlatman, köp nökerden ybarat goşun manysyny hem görkezmek maksady bilen şertli ýagdaýda ulanylýandygyny ylmy edebiýatlarda bellenilip geçilýär.

Halk döredijiligini öwreniji alym Ş.Halmuhammedow sanlaryň çeperçilik hyzmaty hakynda şeýle pikiri aýdypdyr: ”...ol sanlaryň (üç,ýedi, dokuz, kyrk–A.T.) anyk sifrleýin mukdary görkezişine görä, has köplügi aňlatmak manysyna eýe bolan halatlary-da az däl. Mysal üçin, kyrk ýigit, kyrk garakçy ýaly söz düzümlerindäki “kyrkyň” agyr goşun manysyna eýedigini duýmak kyn däl”. Alymyň bu ylmy pikirleri halk döredijilik eserleriniň beýan edijilik tarapyny alamatlandyrýar.

Gahrymançylykly eser bolan “Gorkut atada” kyrk sanyň köp nökerli goşun manysynda ulanylandygyny aýdyp bileris. Kyrk san agyr goşun manysynda gelip, oguzlaryň harby taýdan kuwwatly il bolandygyny aýdyňlaşdyrýar. Eserde ýurt goramak üçin batyr nökerlerden düzülen goşunyň hereket meýdanynyň has giň bolandygyny onda gabat gelýän ýer-ýurt atlary hem güwä geçip biler. Oguzlaryň öz ýurtlaryny, baýlyklaryny goramaga bolan mümkinçiliklerine sanlaryň üsti bilen göz ýetirmek bolýar.

“Gorkut ata” eserinde müňlük sanlar oguzlaryň ykdysady durmuşyny beýan etmekde degerli usulda ulanylypdyr: “Iç ýüzde Gazanyň *on müň* goýny gezip ýörendir”. “On müň” goşma san goýun sözüne baglanyp, Salyr Gazanyň maddy taýdan gurply kişi bolandygyny alamatlandyrýar. Şu ýerde hem tutuş oguz iliniň çarwaçylyk bilen meşgullanyp, ykdysady ýagdaýlaryny gowulandyrmaga çalşandyklaryna göz ýetirmek bolýar.

Gadymy gahrymançylykly eser bolan “Gorkut atada” sanlaryň çeperçilik hyzmatynyň üsti bilen oguz iliniň ýaşaýyş durmuşyny, medeniýetini, taryhy şertlerdäki ýurt dolandyryşlaryny hem öwrenmäge mümkinçilik tapyp bolýar

Annanabat Tagandurdyyeva
(Turkmenistan)

AN ARTISTIC FUNCTION OF NUMBERS IN THE EPIC TALE OF “GORKUT ATA”

The heroic epic work “Gorkut Ata” is a literary product of the Middle Ages (11th–12th centuries), written through prose and poetic genres, contains historical and literary information about the socio-economic structure and moral principles of the Turkmen people. When we study the linguistic features of the work, we make sure that the rich vocabulary of the Turkmen language is used appropriately. The book “Gorkut Ata”, which contains valuable information about the history, social structure, and cultural life of the Turkmen people, describes the origin and history of the Oghuz through the image of the elderly wise man of the Oghuz-Turkmen people, “Gorkut Ata”.

In the work “Gorkut Ata”, artistic means are widely used to reveal the inner feelings of the characters, their understanding of the motherland, and their moral purity. In this work, the numbers have performed great artistic functions in revealing the people’s lifestyle, economy, and moral principles. In the ancient work “Gorkut Ata”, mainly, the numbers as one, three, seven, ten, thirty, forty, sixty, one hundred and thousand, which show the quantity and order were used actively. Even in the introduction of the book, in the words of “Gorkut Ata”, who wished blessings to the Oghuz-Turkmen people, the numbers were brought appropriately at the level of an artistic means of expressing the spiritual understanding of the nation.

Аннанабат Тагандурдыева
(Туркменистан)

ХУДОЖЕСТВЕННАЯ ФУНКЦИЯ ЧИСЕЛ В ЭПОСЕ “ГОРКУТ АТА”

В эпосе “Горкут ата”, являющимся литературным наследием средних веков (XI–XII веков), содержатся историко-литературные сведения об общественной жизни, экономическом положении, государственном строе, нравственных устоях туркменского народа. Изучение языка эпосов показывает, что в нём мастерски использован богатый словарный фонд туркменского языка. В проникнутой ценной информацией об истории, общественном строе, культурной жизни туркменского народа книге “Горкут ата” через образ мудрого старейшины огузов-туркменов даются художественные сведения о происхождении и истории огузов.

В эпосе широко использованы художественные средства при описании внутреннего мира героев, их отношения к понятию о Родине, нравственной чистоты. При раскрытии особенностей жизни, экономического состояния, нравственных устоев народа огромную художественную роль играют числа.

В основном использованы числа один, три, семь, десять, тридцать, сорок, шестьдесят, сто, тысяча, выражающие количество и порядок. В прологе эпоса в добрых пожеланиях Горкута ата всему огузско-туркменскому народу активно и уместно использованы в качестве художественных средств раскрытия духовного мира народа.

Döwran Taganow
(Türkmenistan)

TÜRKMEN-AMERIKAN HYZMATDAŞLYGY: MEDENI-YNSANPERWER ULGAMYNDAKY TEJRIBELER

Berkakar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen halkynyň daşary ýurtlar bilen dostlukly gatnaşyklary has-da ösdürildi. Bu ugurda türkmen-amerikan hyzmatdaşlygy uly ähmiýete eýedir. Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan bilen Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň arasynda diplomatik gatnaşyklar 1992-nji ýyldan bäri dowam edip gelýär. Uzak ýyllaryň dowamynda iki ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlyk gyzyklanma bildirilýän ugurlaryň ählisi boýunça üstünlikli ösdürilip, häzirki wagtda täze many-mazmun bilen baýlaşdyrylýar. Bu

ugurda medeni-ynsanperwer ulgamyndaky gatnaşyklaryň möhüm aýratynlyga eýedigini bellemek bolar. Häzirki wagtda türkmen we amerikan alymlary ylmyň dürli ugurlarynda, şol sanda taryh we arheologiýa, medeniýeti öwreniş hem-de etnografiýa babatda işjeň hyzmatdaşlyk edýärler. Muzeý we kitaphana işi babatda hünärmenleriň gatnaşyklary giňelýär, bilelikdäki taslamalar üstünlikli durmuşa geçirilýär. Amerikan hünärmenleri Türkmenistanyň çäklerinde arheologik barlaglara gatnaşýarlar. Bu ylmy gatnaşyklar esasanam, ABŞ-nyň döwlet departamentiniň "Medeni mirasy gorap saklamak boýunça ABŞ-nyň ilçisiniň gaznasy" atly her ýylky maksatnamanyň çäklerinde Türkmenistanyň taryhy-medeni mirasyny gorap saklamaga gönükdirilen taslamalara goldaw berilmeginde alnyp barylýar. Bu maksatnamanyň çäklerinde Seýit Jemaletdin metjidinde, gadymy Nusaýyň diwar suratlarynda, Abu Sagyt Abul Haýryň guburynda, Soltan Tekeşiň kümmetiniň gümmezinde alnyp barlan gazuw-agtaryş we rejeleýiş işleriniň geçirilendigini aýtmak bolar. Bulardan başga-da "FLEX", "UGARD", "Fulbright" maksatnamalaryň çäklerinde soňky 30 ýylyň içinde türkmenistanly talyplaryň, mugallymlaryň, telekeçileriň we dürli ugurdan hünärmenleriň birnäçesiniň okamak hem-de hünärini kämilleşdirmek üçin Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna ugradylandygy bellenilmäge mynasydyr.

Dovran Taganov
(Turkmenistan)

TURKMEN-AMERICAN COOPERATION: EXPERIENCE IN THE CULTURAL-HUMANISTIC FIELD

Friendly ties of the Turkmen people with the peoples of foreign countries were further developed during the era of the New Renaissance of the independent state. Turkmen-American cooperation in this area is of great importance. As is known, diplomatic relations between Turkmenistan and the United States of America began since the times of independence, and cooperation between the two countries is successfully developing in all directions and is currently being enriched with new meaning. It should be noted that relations in the cultural and humanitarian sphere have an important feature in this area. Here it must be said that projects are being successfully implemented in scientific and educational programs between the two countries.

Довран Таганов
(Туркменистан)

ТУРКМЕНО-АМЕРИКАНСКОЕ СОТРУДНИЧЕСТВО: ОПЫТ В КУЛЬТУРНО-ГУМАНИТАРНОЙ ОБЛАСТИ

Дружественные связи туркменского народа с народами зарубежных стран получили дальнейшее развитие в эпоху нового Возрождения независимого государства. Туркмено-американское сотрудничество в этой сфере имеет большое значение. Как известно, дипломатические отношения между Туркменистаном и Соединёнными Штатами Америки начались ещё со времён независимости, а сотрудничество между двумя странами успешно развивается во всех направлениях и в настоящее время обогащается новым смыслом. Следует отметить, что важную особенность в этой сфере имеют отношения в культурно-гуманитарной сфере.

Merjen Taganowa, Gülälek Annaýewa
(Türkmenistan)

TÜRKMENISTANDA GADYMY OBA HOJALYK SUWARYŞ ULGAMY

Türkmenistan özboluşly milli medeni mirasy müňlerçe ýyllardan gözbaş alyp gaýdan ýurtlaryň hataryna girýär. Türkmenistanyň ýerlerinde geçirilen arheologik gazuw-agtaryş işleriniň netijeleri Watanymyzyň gadymy ekerançylyk medeniýetiniň dörän ýerleriniň biridigine güwä geçýär. Bu babatda Günorta Türkmenistanda M.Ý.Massonyň ýolbaşçylygynda GTAKE-niň (Günorta Türkmenistanda arheologik kompleksleýin ekspedisiýasy), Demirgazyk Türkmenistanda S.P.Tolstowyň ýolbaşçylygynda işlän Horezm arheologik-etnografik ekspedisiýasynyň bitiren hyzmatlary örän uludyr. Alymlaryň ylmy işlerinde Türkmenistanyň ýerli ilatynyň eýýäm neolit döwründe ekerançylyk we maldarçylyk hojalygynyň bolandygyny subut edýän arheologik tapyndylar öz beýanyny tapdy. XX asyryň II ýarymynda türkmen we rus arheologlaryndan A.Gubaýewiň, Ö.Berdiýewiň, H.Ýusubowyň, T.Hojanyýazowyň, M.Ý.Massonyň, W.M.Massonyň, W.I.Sarianidiniň we beýleki alymlaryň geçiren arheologik barlaglarynda türkmen topragynda gadymy ilat ekerançylyk, maldarçylyk bilen meşgul bolandygy tassyklanýar.

Biziň eýýamymyzdan öňki VII–VI müňýyllyklarda neolit zamanyna degişli Jeýtun medeniýeti Türkmenistanda ilkinji ekerançylygyň ýüze çykan ýeri hasaplanylýar. Bu sebitde dünýäde ilkinji emeli suwaryş ulgamlary ulanylypdyr.

Türkmenistanyň çäklerinde biziň eýýamymyzdan öňki V–IV müňýyllyklarda (eneolit eýýamy) dörän Änew medeniýeti, Namazga-depe, Garadepe ýadygärlikleri we Göksüýri oazisi ekerançylygyň gülläp ösen ýeri hasaplanylýar. Amerikaly alymy Rafael Pampelliniň 1903–1904-nji ýyllarda gadymy Änewiň depelerinde geçiren arheologiýa barlaglarynyň netijesinde türkmen halkynyň gadymy medeniýeti bolan halkdygyny ykrar edýär. Şeýle taryhy açyşlarda Türkmenistanda mundan bäş müň ýyl ozal ak bugdaýyň ekilendigi belli edildi. Türkmenistan ak bugdaýyň watany hökmünde dünýä tanaldy. "Änew medeniýeti" atly täze taryhy adalga peýda boldy.

Änew eýýamynda ekerançylyk-maldarçylyk hojalygy Jeýtun medeniýetiniň döreden däplerini ösdüripdir. Türkmen halky ekerançylykda dürli suwaryş desgalaryndan peýdalanypdyr. Türkmenistanyň çäklerinde jykyr suw desgasy giňden peýdalanylypdyr. Jykyrlar dürli görnüşli bolupdyr: ýeliň güýji, suwuň güýji, malyň güýji bilen işleýän jykyrlar. Ýurdumyzyň dag eteklerinde kärizler has giňden peýdalanypdyr. Bu suw ulgamyny döretmegiň baş maksady ekerançylyk hem-de suw üpjünçilik bilen belli bir çuňlukda ýerleşýän suwlary ýerasty akaba salmak arkaly ýeriň ýüzüne çykarmak bolupdyr. Käriz – bu dag gatlaklaryndaky ýerasty suwlary ýokary çykaryp, ekerançylykda peýdalanmak üçin gazylýan guýularyň, ötükleriň ulgamydyr. Ýeriň astynda uzynlygyna gazylýan ötük her 25–30 metrden dikligine gazylýan guýa birikdirilipdir. Guýy we ötük gazylandaky daşdyr palçyk, gum gowa salnyp, çarp bilen çekilip çykarylypdyr. Şeýle-de derýalardan kanallar, nowhanalar gazylyp, uly bentler – suwaryş desgalary gurlup, ekerançylygyň ösmegine giň mümkinçilikler döredilipdir.

Gahryman Arkadagymyz "Türkmen medeniýeti" atly kitabynda "Maddy we ruhy medeni gymmatlyklar adamzadyň inkär edip bilmejek beýik buýsanjydyr, müňýyllyklaryň dowamynda döreden, kämilleşdirip gelýän paýhas hem gözellik genjidir" diýip belleýär. Halkymyzyň şöhratly geçmişiniň sahypalaryny özünde jemleýän taryhy-medeni ýadygärlikleri ylmy taýdan öwrenmek, gorap saklamak we dikeltmek babatda giň gerimli işler alnyp barylýar.

Merjen Taganova, Gulalek Annayeva
(Turkmenistan)

ANCIENT AGRICULTURAL IRRIGATION IN TURKMENISTAN

Scientific research has shown that there was a whole cluster of early agricultural cultures in the territory of Turkmenistan, one of the monuments of which was the settlement of Anau.

The discovery and study of the Anau culture for the first time made it possible to characterize in detail the ancient agricultural layer in the cultural history of Turkmenistan as the age of the formation and development of irrigated agriculture based on the cultivation of wheat and barley.

Мерджен Таганова, Гулялек Аннаева
(Туркменистан)

ДРЕВНЯЯ СЕЛЬСКОХОЗЯЙСТВЕННАЯ ИРРИГАЦИЯ В ТУРКМЕНИСТАНЕ

Научные исследования показали, что на территории Туркменистана в эпоху энеолита существовал центр раннеземледельческих культур, одним из которых было поселение Анау.

Открытие и изучение анауской культуры впервые позволили подробно охарактеризовать древнеземледельческий пласт в истории культуры Туркменистана как эпоху становления и развития поливного земледелия, основанного на возделывании пшеницы и ячменя.

Jennet Täjiýewa
(Türkmenistan)

TARYHY ÝASAMA KÖK WE ONUŇ EMELE GELŞI

Seýrek hem bolsa, dilde käte sözleriň ýasalyşynda, esasan hem iki sözüň goşulmagyndan emele gelen käbir sözlerde olaryň köklerinin, öňki morfologik düzüminiň we gurluşynyň düýpgöter üýtgän ýagdaýlary hem duş gelýär. Şonda şeýle sözleriň gurluşyny, morfema düzümini, şol sanda köküni kesgitlemek etimologik derňewiň geçirilmegini talap edýär. Sebäbi bu sözleriň düzümini emele getirýän öňki bölekleri käbir fonetik özgerişe sezewar bolupdyr we ikisi birleşip, bitişip bir kök görnüşine gelipdir. Şeýle kökleri taryhy ýasama kök hasap etmek

mümkin. Olaryň emele geliş ýoluny diňe taryhy gelip çykyşyny derňemek arkaly kesgitlemek mümkin. Ýasalandan soň tanalmaz derejede özgerişe sezewar bolan şeýle sözleriň ençemesiniň taryhy gelip çykyşy, ýasalyş usuly barada tanymal türkmen dilçisi, filologiýa ylymlarynyň doktory S.Atanyýazowyň "Türkmen diliniň sözköki sözlüginde" (2004) ynandyryjy deliller we gyzykly maglumatlar berilýär. Mysal üçin, alymyň öz sözlüginde sözleriň etimologiýasy baradaky berýän maglumatlaryna görä, häzirki döwürde düzümi boýunça bir morfema hasap edilýän "bilezik" sözi öňki "*bilek*" we "*ýüzük*" sözleriniň, "*bildir*" sözi öňki "*bir*" we "*ýyldyr*" sözleriniň, "*gulaç*" sözi öňki "*gol*" we "*aç*" sözleriniň birleşip bitişmeginden ýasalypdyr hem-de olarda käbir fonetik özgerişleriň bolup geçmegi bilen häzirki görnüşlerine eýe bolupdyr. Bu sözler häzirki döwürde tutuşlygyna bir kök hasap edilýär we hiç hili morfemalara bölünmeýär. Meselem:

Şakga-şakga bilezik,
On barmakda on ýüzük (Halk döredijiliginden)
Bir aýlap telpekde gizlenen saçlar
Her haýsy bir gulaç, bir ýarym gulaç (K.Gurbannepesow)

Iki sözüň goşulmagyndan emele gelen taryhy ýasama kökleriň hataryna öňňin, öňňil sözlerini hem goşmak mümkin. Öňňin sözi *"öňki gün*" söz düzümininiň, öňňil sözi bolsa *"öňki ýyl"* söz düzümininiň käbir fonetik özgerişe sezewar bolup, gysgalmagyndan hem-de goşulyşyp bitişmeginden emele gelipdir hasap edilýär. Bu sözler häzirki döwürde morfemalara bölünmeýän kök sözüne öwrülipdirler. Mysal üçin, Öňňinem*, öňküsi günem ýygypdylar (A.Paýtyk. Arkadagym agtyklar)*. Bu ýasama köklere *-ki* sypat ýasaýjy goşulmanyň goşulmagy bilen öňňinki, öňňilki sözleri hem ýasalypdyr.

M.Hudaýgulyýew, S.Atanyýazow we başga-da birnäçe dilçiler dilimizdäki işjeň ulanylýan äkelmek, äkitmek, äbermek işliklerini hem iki sözüň goşulyşyp, gysgalmagyndan emele gelen sözler hasap edýärler. Bu sözler hem düzümindäki käbir sesleriň, bogunlaryň düşüp galmagy bilen gysgalyp, şu gurluşa eýe bolan öňki söz düzümleri görnüşindäki goşma işliklerdir. Äkelmek sözi "*alyp gelmek*", äkitmek sözi "*alyp gitmek*", äbermek sözi hem "*alyp bermek*" goşma işliginiň gysgalyp, bitişmeginden emele gelipdirler. Olar häzirki döwürde morfemalara bölünmeýän derejede birleşip, kök morfema gurluşyna we görnüşine eýe bolan sözlerdir. Meselem: Şasenem ýene Akjany erkek eşigini geýindirip, Garyby äkelmek üçin Bagdat şäherine ýollaýar ("Şasenem-Garyp").

Başga dillerden geçen käbir sözler, gelip çykan dilinde köp morfemaly hasaplansa-da, türkmen dilinde käbir fonetik özgerişe sezewar bolýarlar we bir morfemaly söz hökmünde kabul edilýärler. Meselem, arap dilinden geçen

“mekdep” sözi “mä+ktb”, elipbiý sözi “älif+bi” görnüşinde bölünýärler. Hepdäniň günleriniň atlarynyň gelip çykyşy barada G.Gurbandurdyýew maglumat berýär. Hepde sözüniň özi pars sözünden bolup, ol “heft” – “ýedi” diýmegi aňladýar. Türkmenlerde öň tertip boýunça ýekşenbe hepdäniň birinji güni hökmünde kabul edilipdir. Sebäbi pars dilinde “ýek” – “bir”, “du” – “iki”, “se” – “üç”, “çar” – “dört” we “penç” – bäş diýen manyny berýärler. Şenbe sözi “dynç” diýen manyny berýän gadymy “sabbat” ýa-da “şabbat” diýen ýewreý sözündendir, emma dynç alyş güni 1941-nji ýylyň maýynda “ýekşenbe” gününe geçirilipdir.

Diliň ösüş taryhynda sözüň morfema düzüminde dürli üýtgeşemeler bolup geçýär. Geçirilen barlaglaryň netijesinde, biz diliň diahronik aspektde sözüň fonetik gurluşynyň üýtgeýändigini we aýry sözleriň araçägi bozulyp, olaryň birleşip bitişmeginden bir morfemany emele getirýändigini anykladyk.

Jennet Tajiyeva
(Turkmenistan)

DE-ETYMOLOGISATION AND THE WAYS OF ITS FORMATION

In the process of historical development of the language, various changes in the morphological structure of the word occur. In the modern Turkmen language, we can find simple words that were considered to be compound words in earlier times. As a result of de-etymologisation, the combination of two stems loses its segmentation or character of division into parts and turns into words with a simple morphological structure. For example, the simple words “bilezik” (bracelet) were formed from the words “bilek” (wrist) and “ýüzük” (ring), “öňňin” (the day before yesterday) from the words “öňki” (before/previous) and “gün” (day), “öňňil” (the year before last) из слов “öňki” (before/previous) и “ýyl” (year), etc.

Borrowed words that were semi-morphemic in their original language may undergo phonetic changes and be considered mono-morphemic in Turkmen. For example: mekdep – mä+ktb, elipbiý – elif+bi. Words of this type are indivisible at this stage, and need to be etymologised to find out their morphemic structure and roots.

The new root morphemes formed by de-etymologisation help to enrich the vocabulary of the Turkmen language.

Дженнет Таджиева
(Туркменистан)

ОПРОЩЕНИЕ И ПРОЦЕСС ЕГО ПРОИЗВОДСТВА

В процессе исторического развития языка происходят разные изменения в морфемном составе слова. В современном туркменском языке встречаются простые слова, которые раньше считались сложными. В результате опрощения сливаются две основы, утрачивая членимость и превращаются в слова с одним морфологическим составом. Например, в современном туркменском языке одноморфемные слова “bilezik” (браслет) образовались из слов “bilek” (запьястье) и “ýüzük” (кольцо), “öňňin” (позавчера) из слов “öňki” (прежний) и “gün” (день), “öňňil” (позапрошлый год) из слов “öňki” (прежний) и “ýyl” (год) и т.д.

Заимствованные слова, которые были в языке-источнике многоморфемными также могут претерпевать фонетические изменения и восприниматься одноморфемными в туркменском языке. Например: mekdep – mä+ktb, elipbiý – elif+bi. Такие слова фактически уже не членимы, чтобы узнать их морфемную структуру и корни следует проанализировать слова в этимологическом плане.

Новые корневые морфемы, сформированные путём опрощения, обогащают лексику туркменского языка.

Myrat Tuwakow
(Türkmenistan)

GARAŞSYZLYK DÖWRÜNDÄKI ROMANLARDA PSIHOLOGIZM WE PSIHOPOETIKA

Garaşsyzlyk döwründe türkmen edebiýatynda roman žanry ideýa-tematika, obrazlar, milli häsiýetler, çeperçilik babatda baýlaşdy. Çeper eserde, gahrymanlaryň häsiýetini we ruhy dünýäsini açyp görkezmekde, taryhy hakykaty dogruçyl suratlandyrmakda çeper psihologizme, psihopoetika aýratyn orun degişlidir.

Edebiýaty öwreniş ylmynda çeper döredijilikdäki psihologizm meselesi uly gyzyklanma döredip gelýär. Psihologizm (“grekçe”, “psyche” – “ruh”, “içki dünýä” we “logos” – düşünje, “aň”) – çeper eserde adamyň psihologiki başdan geçirmeleriniň suratlandyrylyşy, gahrymanyň içki dünýäsiniň ösüşde görkezilişi. Gahrymanyň içki dünýäsini açyp görkezmek häsiýeti ýüze çykarmaklygyň iň bir möhüm täri hökmünde peýdalanylýar. Bu bolsa, esasan, dialog we monolog

üsti bilen açylyp görkezilýär. Monolog gahrymanyň ýa-da personažyň dürli-dürli ýagdaýlaryny aýdyňlaşdyrmaga hyzmat edýär. Ýazyjy döwrüň özboluşlylygyny gahrymanyň çylşyrymly duýgylary hem-de oýlanmalary arkaly ýüze çykarýar. Bu barada D.S.Lihaçýow, L.Ý.Ginzburg, A.W.Karelskiý, N.W.Zababorowa, W.Gudone, Ýu.Hong, A.W.Ýesin, N.S.Leýtis, Ýe.G.Etkind, A.Kekilow, Ö.Abdyllaýew, K.Salyhow, A.Gylyçdurdyýew, A.Mämmedow ýaly türkmen we daşary ýurt alymlaryň ylmy-nazaryýet garaýyşlary möhüm ähmiýete eýedir.

Edebiýata adamy öwreniji ylym hökmünde garalýar. Çeper edebiýatyň jemgyýetçilik, terbiýeçilik hyzmatynyň ägirtligi onuň çeperçilik tärler, usullar arkaly durmuşy derňeýänligindedir. Hakyky durmuşy eserde, elbetde, durmuş hemme taraplaýyn derňelýär, ýöne ol esasan çeper keşp arkaly, onuň ruhy dünýäsi arkaly berilýär. Ussat Ýazyjy döwrüň özboluşlylygyny gahrymanyň çylşyrymly duýgylary hem-de oýlanmalary arkaly ýüze çykarýar.

Ussat ýazyjy Gurbanguly Berdimuhamedowyň "Älem içre at gezer", "Döwlet guşy" atly romanlarynda, şeýle hem A.Durdyýewiň "Keýmir kör", O.Ödäýewiň "Altynjan hatyn", H.Diwangulyýewiň "Çuwal bagşy", Ý.Mämmediýewiň "Beýik Seljukly" atly romanlarynda psihologizmiň çeperçilik serişdeleri arkaly gahrymanlaryň häsiýeti, ruhy dünýäsi täsirli açylyp görkezilýär. Çeper eserde, hususan-da, romanda durmuş wakalarynyň içinde hereket edýän gahrymanyň häsiýetiniň suratlandyrylyşy iň esasy meseläniň biri bolup, munuň özi ýazyjynyň eser döretmekdäki çeperçilik ussatlygyny, şol eseriň ideýa-çeperçilik derejesini subut edýär.

Myrat Tuvakov
(Turkmenistan)

PSYCHOLOGISM AND PSYCHOPOEICS IN NOVELS AGE OF INDEPENDENCE

During the period of Independence, the novel genre in Turkmen literature became richer in ideas, themes, images and artistic means. Psychologism and psychopoetics occupy a special place in a work of art, in revealing the personality and spiritual world of heroes and depicting historical truth. The writer reveals the uniqueness of the era through the thoughts of the hero. This proves the writer's artistic skill in creating a work, a literary and artistic idea. The novels of the great writer Gurbanguly Berdimuhamedov "Alem ichre at gezer", "Dovlet Gushy", as well as "Keymir Kor" by A.Durdyyev, "Altynjan Hatyn" by O.Odyaev, "Chuval Bagshy" by H.Divangulyyev, "The Great Seljukly" by Y.Mammediev the character and spiritual world of the heroes are effectively revealed through the artistic means of psychologism and psychopathology.

Мырат Туваков
(Туркменистан)

ПСИХОЛОГИЗМ И ПСИХОПОЭТИКА В РОМАНАХ ЭПОХИ НЕЗАВИСИМОСТИ

В период Независимости жанр романа в туркменской литературе стал богаче по идеям, темам, образам и художественному средствами. Психологизм и психопоэтика занимают особое место в художественном произведении, в раскрытии личности и духовного мира героев и изображении исторической правды. Писатель раскрывает уникальность эпохи через мысли героя. Это доказывает художественное мастерство писателя в создании произведения, литературно-художественную идею. В замечательных романах Гурбангулы Бердымухамедова “Алем ичре ат гезер”, “Птица счастья”, а также “Кеймир кор” А.Дурдыева, “Алтыднжан хатын” О.Одаева, “Чувал бахши” Х.Дивангулыева, “Великий Сельджук” Я.Маммедиева характер и духовный мир героев эффектно раскрываются посредством художественных средств психологизма и психопоэтики.

Gulamylla Ýagşymyradow
(Türkmenistan)

METAL GAZANJYKLARDAKY ÝAZGYLAR

Türkmenistan ýurdumyzda hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen taryhymyzy, medeniýetimizi, milli däp-dessurlarymyzy ylmy esasda düýpli öwrenmäge, milli mirasymyzy gorap saklamaga we olary geljekki nesillere ýetirmäge uly üns berilýär. Häzirki wagta ülkämiziň çäklerinde her bir welaýatda we etraplarda muzeýler ýerleşýärler. Muzeýlerde taryhymyza, maddy medeniýetimize degişli gymmatly eksponatlar saklanylýar. Şeýle häsiýetli muzeýleriň biri hem TYA-nyň Taryh we arheologiýa institutynyň muzeýidir.

Bu muzeýde arheologiýa barlaglaryň netijesinde ýüze çykarylen maddy medeniýetimize degişli daş, keramika we metal önümleri hem-de beýleki gymmatly tapyndylar saklanylýar. Bu önümleriň arasynda metal gazanjyklar aýratyn orun tutýarlar. Çykyşymyzda esasan göwresi onçakly uly bolmadyk orta asyrlara mahsus daşy haşamlanan metal gazanjyklaryň ýüzüne ýazylan ýazgylar barada durup geçmek isleýäris.

Türkmenistanyň çäklerinde gadymdan galan ilat ýaşan ýerlerde metaldan ýasalan gazanjyklaryň dürli görnüşleri tapylypdyr. TYA-nyň Taryh we arheologiýa institutynyň gaznasynda şeýle gazanjygyň iki nusgasy saklanylýar. Olaryň biri

1930-njy ýyllarda Şähryslamdan tapylanypdyr. Bu gazanjygyyň daş keşbi üç zolaga bölünip haşamlanypdyr. Onuň ýokarky zolagynda arapça ýazgy ýerleşdirilipdir. Ikinji zolakda itiň, towşanyň hem-de göwresi guşuňky, kellesi adamyňka meňzedilip çekilen hyýaly jandaryň keşbi ýerleşdirilip, aralaryna ösümlik suratlary çekilipdir. Üçünji zolakda bolsa gyrma usulynda gülüň sünbüllerine meňzeş ösümlik – islimi nagşy ýerleşdirilipdir.

Mundan başga daş tarapy haşamlanan metal gazanjygyň beýleki bir nusgasy bürünçden ýasalypdyr. Bu gazanjygyň erňeginde, erňeginiň aşagynda hem-de göwräniň aşaky böleginde arap harplary bilen ýazgy ýerleşdirilipdir. Göwräniň orta böleginde bolsa bezeg üçin şekiller ýerleşdirilipdir.

Bu gazanjyklar halkymyzyň baý taryhyny, dünýä medeniýetinde uly orun tutýan maddy gymmatlyklarymyzy şöhlelendirýän orta asyrlardan häzirki günlere çenli gelip ýeten gymmatly nusgalardyr.

Gulamylla Yagshymyradov
(Turkmenistan)

INSTRUCTIONS ON SMAL SHAPE METAL CAULDRONS

The valuable exhibits related to history and material culture of the turkmen people are kept in the museums of the country. Metal containers take a special place among these products. That exist on the surface of the metal cauldrons. In our presentation, we would like to mainli mainly on the inscriptions. Two copies of such small cauldrons are kept in the collections of the Institute of History and Archeology of the Academy of Sciences of Turkmenistan. These valuable exhibits came from Middle Ages to the present day reflect the rich history of the nation and its contribution to the world culture.

Гуламылла Ягшимырадов
(Туркменистан)

НАДПИСИ НА МЕТАЛЛИЧЕСКИХ КАЗАНАХ

В музеях страны хранятся ценные экспонаты, связанные с историей и материальной культурой туркменского народа. Среди этих изделий особое место занимают металлические казаны. В своем выступлении мы хотели бы остановиться главным образом на надписях, имеющихся на поверхности металлических казанах. Два экземпляра таких казанов малой формых ранится в фонде Института истории и археологии Академии наук Туркменистана. Эти ценные, дошедшие из древности до наших дней.экспонаты отражают богатую историю народа и его вклад в мировую культуру.

Täzegül Ymamgulyýewa, Maýa Mülkamanowa
(Türkmenistan)

TÜRKMENISTAN HÄZIRKI ZAMAN HALKARA GATNAŞYKLAR ULGAMYNDAKY GEÇIŞ YKDYSADYÝETLI ÝURTLARYŇ ORNY HAKYNDA

Häzirki döwürde dünýäde düýpli özgertmeler bolup dur. Olaryň esasynda yzyna öwürilmeýän ýagdaýy hökmünde dünýäniň köpöwüşginli, köptaraply täze modeli emele gelýär. Şonuň esasynda bu köptaraplylygyň adalatly häsiýete eýe bolmagyny gazanmak, ähli gatnaşyjylaryň, şol sanda geçiş ykdysadyýetli ýurtlaryň bähbitlerini nazara almak zerurlygy hem ýüze çykýar.

Tazegul Ymamgulyyeva, Maya Mulkamanova
(Turkmenistan)

TURKMENISTAN ON THE ROLE OF COUNTRIES WITH ECONOMIES IN TRANSITION IN THE MODERN SYSTEM OF INTERNATIONAL RELATIONS

The modern world is undergoing a profound transformation, which has become irreversible and leads to the formation of a multipolar model of the world. In this regard, there is a growing demand for multipolar model to be fair and take into account the approaches and interests of all participants in international relations, including countries with economies in transition.

Тазегуль Имамкулиева, Мая Мулькаманова
(Туркменистан)

ТУРКМЕНИСТАН О РОЛИ СТРАН С ПЕРЕХОДНОЙ ЭКОНОМИКОЙ В СОВРЕМЕННОЙ СИСТЕМЕ МЕЖДУНАРОДНЫХ ОТНОШЕНИЙ

Современный мир переживает глубокую трансформацию. Объективной реальностью становятся процессы регионализации, появление новых центров экономического роста, таких как Китай, Индия, Бразилия, Мексика, ЮАР и другие страны Азиатско-Тихоокеанского региона, Латинская Америка и Африка. Кроме того, мир живёт уже в новой технологической реальности, когда четвёртая промышленная революция меняет само понятие производства,

а вместе с этим структуру и потребление мировых рынков. Трансформация миропорядка обрела необратимый характер, идёт формирование многополярной модели мира. В этой связи растёт востребованность в том, чтобы многополярность носила справедливый характер, учитывала подходы и интересы всех участников международных отношений, способствовала стабилизации и безопасности будущего.

Что в этом плане предлагает Туркменистан? Ответ на этот вопрос дал Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов в своём выступлении на третьем дипломатическом форуме, который проходил в городе Анталья (Турция) в начале марта 2024 года.

Во-первых, для поддержания политической безопасности, устойчивого и экономического развития максимально привлекать все народы и государства, независимо от их исторической роли, численности населения, объёма ВВП, военного потенциала или уровня технологического развития. “Следует утвердить их законные права, чтобы стать членом и субъектом современного и будущего миропорядка”, – сказал Герой-Аркадаг. Во-вторых, повысить влияние стран с переходной экономикой, которые должны придать импульс устойчивому мироустройству, вводить в неё новые принципы и задачи.

Таким образом, Туркменистан ещё раз подтвердил свою активную роль в решении актуальных проблем мирового развития в новых условиях и свою ответственность на пути к достижению стабильного и безопасного будущего. Внимание к странам с переходной экономикой – это новое направление, которое готова развивать и наполнять конкретным содержанием туркменская дипломатия.

В соответствии с классификацией МВФ к странам с переходной экономикой относятся более 150 государств. Это – страны Центральной и Восточной Европы, СНГ, развивающиеся страны Азии, Латинской Америки и Карибского бассейна, Ближнего Востока и Северной Африки, а также Африки к югу от Сахары. “Эти страны обладают большим демографическим, научно-производственным и ресурсным потенциалом, а зачастую – географически обусловленной возможностью, благодаря которой, наряду с другими факторами, им отводится большая роль как одного из передовиков мировой экономики, провайдеров политического, социального и гуманитарного развития”, – подчёркивает Герой-Аркадаг.

В условиях новой геополитической и геоэкономической реальности Туркменистан предлагает разработать новую парадигму международного сотрудничества, выступив с предложением о выработке Стратегии глобальной безопасности под эгидой ООН и рассматривая эту стратегию как

систему позиций и норм о структуре межгосударственных и международных отношений в XXI столетии и механизм для её выстраивания.

Под стратегией также рассматривается политическая роль и влияние развивающихся стран, поскольку достижение Целей устойчивого развития возможно только при обеспечении условий их участия в основных процессах современного мироустройства. В контексте экономической модели будущего главное внимание, по мнению Героя-Аркадага, следует уделить распределению богатств, средствам доставки и сферам их применения, при этом не допуская политизацию и ущемления новых подходов. Главная роль в данном случае отводится двум направлениям: энергетической связуемости и взаимосвязанности транспортов.

В целом, говоря о совместной работе по выработке фундаментальной модели экономики и устойчивого развития, Туркменистан обозначает её как переходный период. При этом, наша страна готова ориентировать нейтралитет и накопленный опыт миротворца на внесение своего вклада во имя интересов мира и гармоничного развития человечества.

Gülşat Ýusupowa
(Türkmenistan)

HALKARA SYPAÝYÇYLYGYŇ KADALARYNY ÖWRETMEKDE SÖZLEÝIŞ EDEBINIŇ USULY ÄHMIÝETI

Islendik medeniýetde edep “sypaýyçylyk” düşünjesi bilen ýakyndan baglanyşyklydyr. A.G. Balakaýyň belleýşine görä, “sypaýyçylyk ynsanperwerlik bilimleriniň dürli ugurlary, şol sanda medeni gözlegler, pelsepe, etnografiýa, psihologiýa hem-de ilkinji nobatda, lingwistika üçin hakykylyk we maglumat babatynda bahasyna ýetip bolmajak materialdyr”. N.M. Firsowanyň pikirine görä, sözleýiş edebiniň birlikleri sypaýyçylykly aragatnaşyk üçin funksional-semantik ugur bolýar we islendik edep gatnaşyklary sypaýyçylyk ýörelgelerine esaslanýar. W.Ý.Goldiniň nukdaýnazaryndan “sypaýyçylyk” edep kategoriýasy hökmünde “ýüzlenýän adama, ýagny adresata orun bermek” düşünjesi bilen kesgitlenýär. Sypaýyçylygyň sözleýiş edebiniň özeni bolup, resmi hem-de salamlaşmak, ünslilik, mylakatlylyk, ýerliklilik, daş-töwerege hormatly garaýyşlar ýaly düşünjelerde beýan edilip biliner. Iňlis dili öwredilýän döwründe aragatnaşygyň edep kadalaryny öwrenmek talyplara ene däl dil gurşawyna tiz öwrenişmäge we aragatnaşykda öwrenilýän dili ýerli ilat derejesinde ulanmaga mümkinçilik berýär. Şeýlelik bilen, halkara sypaýyçylygynyň kadalaryny öwretmegiň usulyýetiniň iň möhüm taraplaryndan biri iňlis diliniň sözleýiş edebini ýeterlik derejede bilmekdir.

“Usulyýet adalgalaryň we düşünjeleriň täze sözlügine” görä, sözleýiş edebi bu milli aýratynlyga laýyklykda, jemgyýetiň dürli ýagdaýlarynda söhbetdeşler bilen “sypaýy” bolup, kabul edilen durnukly formulalaryň we aňlatmalaryň ulgamydyr. Şeýle ýagdaýlardan söhbetdeş bolýan adamyň ünsüni özüňe çekmek, salamlaşmak, tanyşmak, sagbollaşmak, ötünç soramak, minnetdarlyk bildirmek we şolara meňzeş ençeme görnüşleri mysal getirmek bolar.

Şonuň üçin, sözleýiş aragatnaşygyň diňe söz baýlygy, grammatika we diliň beýleki taraplary bilen bir hatarda halkara sypaýyçylygyň kadalaryny, şeýle hem dil birlikleriniň dürli ýagdaýlarda (situatiw ýagdaýlary) ulanylmagy bilen baglanyşykly sözleýiş edebiniň kadalaryny ýeterlik derejede bilmek möhümdir. Sebäbi sypaýyçylykly, labyzly we dogry gürlemek adamyň medeniýetiniň, intellektual derejesiniň görkezijisi bolýar.

Sözleýiş etikasynyň düzgünleri belli bir edep kadalaryny ulanmaga esaslanýar. Olary ulanmagyň baş maksady gürleýjiniň pikirlerini, duýgularyny söz arkaly beýan edip bilmekdir. Şeýlelik bilen, aragatnaşyk ukybynyň emele gelmeginiň çeşmesi hökmünde talyplara sözleýiş edebini öwretmek örän möhümdir. Sözleýiş edebiniň kadalaryny berjaý edilmegi talyplara özlerini ynamly duýmaga we medeniýetara aragatnaşygyny üstünlikli amala aşyrmaga mümkinçilik berýär. Sözleýiş edebiniň kadalary ýüzlenmek, salamlaşmak, tanyşmak, hoşlaşmak, haýyş, çakylyk, arzuw etmek, ötünç soramak, gutlamak, minnetdarlyk, gynanç ýa-da duýgudaşlyk bildirmek we beýleki şulara meňzeş ýagdaýlary göz öňünde tutýan sözleri, durnukly söz düzümlerini hem-de sözlemleri öz içine alýar. Şeýle kadadyr düzgünleri bilmezden, söhbetdeşlik üçin zerur, gerek şertleri döretmek, medeniýetiň we terbiýäniň derejesini görkezmek mümkin däl. Şözleýiş edebiniň kadalaryny bilmek we dürli ýagdaýlarda ýerlikli ulanmak amatly aragatnaşyk şertlerini üpjün edýär, gatnaşyjylaryň arasynda degişli söhbedi ýola goýmaga kömek edýär.

Sözleýiş edebiniň kadalaryny öwrenmek meselesi daşary ýurt dillerini okatmagyň usulyýeti boýunça ylmy gözlegler üçin hem uly gyzyklanma döredýär. Bu ugurdaky pedagogik edebiýatyň seljermesi N.I. Formanowskaýanyň işlerinde sözleýiş edebiniň sosiolingwistika we usulyýet nukdaýnazaryndan häsiýetlendirilýändigini, sypaýyçylyga degişli we edep aragatnaşygynyň adaty ýagdaýlary bilen baglanyşykly sözlemleriň kesgitlemesiniň teklip edilýändigini, şeýle hem dürli dillerdäki aýratynlyklaryň ýüze çykarylandygyny görkezdi. Bu işlerde edebiň, özüňi alyp barmagyň kadalarynyň aragatnaşygy ösdürýändikleri bellenilýär. Bu babatda sözleýiş edebiniň möhüm ornuna ünsi çekip, N.I. Formanowskaýa şeýle belleýär: “Sosiolingwistika, psiholingwistika, stilistika, etnolingwistika we beýleki ugurlaryň maglumatlaryny göz öňünde tutup, sözleýiş edebini bilmek milli medeniýete laýyk gelýän gündelik sözleýiş aragatnaşygyny ýeterlik derejede üpjün edýär”.

Gulshat Yusupova
(Turkmenistan)

THE IMPORTANCE OF SPEECH ETIQUETTE IN TEACHING INTERNATIONAL RULES OF COURTESY

In any culture, etiquette is closely related to the concept of "courtesy or politeness". Courtesy as the essence of speech, can be expressed in such concepts as official greeting, attentiveness, politeness, appropriateness, and respect for the environment. While learning English, studying the rules of etiquette allows students to quickly integrate into the non-native language environment of the people and communicate in the language they are learning, at the level of its native speakers. Thus, one of the most important aspects of the methodology in teaching the norms of international politeness is sufficient knowledge of English speech etiquette. In conversational communication, along with vocabulary, grammar and other aspects of the language, it is necessary to have sufficient knowledge of the rules of international politeness and norms of speech etiquette, as well as the ability to use language units in various situations. Since one of the most important indicators of a person's culture and intellectual level is his speech.

Гульшат Юсупова
(Туркменистан)

ЗНАЧЕНИЕ РЕЧЕВОГО ЭТИКЕТА В ОБУЧЕНИИ МЕЖДУНАРОДНЫМ ПРАВИЛАМ ВЕЖЛИВОСТИ

В любой культуре этикет тесно связан с понятием "вежливость". Вежливость, как суть речи, может выражаться в таких понятиях как официальное приветствие, внимательность, учтивость, уместность, уважительное отношение к окружению. Во время обучения английскому язык, изучение правил этикета позволяет студентам быстро внедриться в неродную языковую среду народа и общаться на изучаемом языке на уровне его носителей. Таким образом, одним из важнейших аспектов методики в обучении нормам международной вежливости является достаточное знание речевого этикета английского языка. В разговорном общении наряду со словарным запасом, грамматикой и другими аспектами языка, необходимо достаточное владение правилами и нормами речевого этикета, а также умение использовать языковые единиы в различных ситуациях.

Jumamyrat Gurbangeldiýew
(Türkmenistan)

BEÝIK SELJUK IMPERIÝASYNYŇ YLMY DIPLOMATIÝASY

Ylmy diplomatiýa – bu ylmyň üsti bilen ýurduň, döwletiň oňyn keşbini kemala getirmek boýunça netijeleri gazanmaga gönükdirilen daşary syýasatyň guralydyr. Ylmy diplomatiýanyň taryhy kökleri ir döwürlerden gaýdýar. Bu babatda ol ylmy diplomatiýa baradaky 2019-njy ýylyň Madrid jarnamasyndaky düşündirişinden-de has giň manysyndadyr. Başgaça aýdylanda, alymlar, ýagny "ylmy diplomatlar" halk diplomatiýasynyň öňüni çekijiler bolup durýar. Diplomatiýada "ýumşak güýjüň" serişdesi hökmünde ylym ir döwürlerden bäri ulanylypdyr. Ylmy diplomatiýa – seljuklaryň daşary syýasatynda möhüm ugurlaryň biri. Seljuklaryň ylmy diplomatiýasy Gadymy Gündogardaky: "Döwletiň berdaşly bolmagy üçin iki zada aýratyn uly üns bermeli: gylyja we galama. Galamy ýerlikli ulanyp bilseň, gylyjy galgatmaga zerurlyk galmaz. Ol gylyjyň bitirjek işlerinden hem has köp möhümi bitirip bilýändir" diýen ýörelgä esaslanypdyr. Türkmen halkynyň milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow "Ömrüniň manysy" kitabynda yraklylaryň arasynda galam gutusyna "hanyf" diýilýändigini, onuň manysynyň hakdan, dogrulykdan we dürslükden aýry däldigini, sünnüligiň Hanafy mezhebini esaslandyryjy ymam Agzama ýöne ýere Hanyfa diýilmändigini, onuň hemişe ýanynda galam gutusyny göterendigine ýönelige üns çekmändir.

Yslam dini, berk ynam hem ynanç – seljuklaryň ylmy diplomatiýasynyň esasy hem düýp daýanç sütüni bolupdyr. Alym Arkadagymyzyň belleýşi ýaly, "Seljuk soltanlary öz döwletleriniň bähbidini ýokary tutuşlary ýaly, ynançlaryny hem belende göterip, onuň talabyny berjaý edip, yslam dünýäsinde sünniligi berkarar etdiler. Bulardan başga-da, olar yslamyýete bitmez ýara salmak, ony gemirmek isleýän "kesellerden" diňe ýarag güýji bilen gutulyp bolmajagyna gaty gowy düşünipdirler. Ylmy we medeniýeti ösdürmek arkaly we sünnülik esaslarynda yslam medeniýetini täzeden gurupdyrlar".

Seljuklar döwründe türkmen topragyndaky Merw, Sarahs, Abiwerd, Nusaý, Dehistan, Amul, Gürgenç (Jürjäniýe) ýaly gadymyýetiň şäherleri ylmyň we yslam medeniýetiniň münberlerine öwrülipdir. Gündogary öwreniji iňlis alymy A.K. Lembtonyň bellemegine görä, seljuklaryň gelmegi bilen öňki ylym edaralary hem täze öwüşgine eýe boldy.

Seljuklaryň ylmy diplomatiýasynyň möhüm wezipesi – *yslam medeniýetini dünýä ýaýmak* bolupdyr. Seljuk türkmenleri ony ösdürmek we dünýä ýaýmak babatda aýratyn hyzmatlary bitirdiler. Türkmen halkynyň milli Lideri arap diliniň

grammatikasyny öwrenmekde, arap dilini, şol bor wagtda yslam medeniýteini dünýä ýaýmakda türkmen alymlarynyň hyzmatlarynyň belli bahasynyň ýokdugyny nygtamak bilen, "Ömrümiň manysy" kitabynda şeýle ýazýar: "Bu babatda orta asyrlarda türkmenler hatda araplaryň özünden hem öňe geçipdirler. XI asyryň beýik türkmen alymy Mahmyt Zamahşarynyň araplara ýüzlenip aýdan: "Eý, araplar, geliň, men size arap taryhyny, arap dilini öwredeýin!" diýen meşhur sözi hem şundan habar berýär". Gahryman Arkadagymyzyň nygtaýşy ýaly, "Seljuklar araplaryň başyny başlan, emma amala aşyryp bilmedik biropar işlerine hötde gelipdirler, Anadolyny eýelemegi başaryp, yslam medeniýetini Kaşgar bile Konstantinopol aralygyndaky ýurtlara ýaýradypdyrlar.

Ýurdy adalatly dolandyrmakda, parahatçylygy we asudalygy üpjün etmekde seljuklar ylmy diplomatiýanyň gurallaryny ýerlikli ulanypdyrlar. Özge halklaryň diline, medeniýetine sarpa goýup, olaryň ösüşi üçin şertleri döretmek, ylma, alymlara hemaýatkärlik etmek seljuklaryň ylmy diplomatiýasynyň möhüm gurallarydyr. Seljuklar Eýranda häkimlik eden döwürlerinde gurduran saraýlary, uniwersitetlere deňelýän mekdep-medreseleri, kitaphanalary, beýik medeni hem sungat işleri bilen gündogar-musulman medeniýetine parlak zamanany bagyş etdiler. Seljuklar döwründe birnäçe filosofik we edebi mekdepler, gymmatly eserler jemlenen iri kitaphanalaryň hem birnäçesi döredilipdir.

Seljuklar yslam taryhynda ilkinji gezek döwlet tarapyndan goldaw berlen medreseler ulgamyny döredipdirler. Häzirki zaman uniwersitetleriniň derejesinde bolan bu okuw jaýlary, *Nyzamyýe medreseleri* ady bilen imperiýasynyň çar künjeginde – Nişapurda, Bagdatda, Mosulda, Basrada, Damaskde, Amulda, Balhda, Merwde, Hyratda, Yspyhanda gurlupdyr. Medreselere kitaphanalar birikdirilip, olar kitaplar bilen doldurylypdyr. Seljuklar döwrüniň medreseleriniň kitap üpjünçiligine döwletiň özi üns beripdir. W.W.Bartoldyň ýazmagyna görä, medresäniň diwarlarynyň ýüzündäki kitap saklanýan tekjeler tutuşlygyna irki hem-de şol döwre degişli dürli ugurlar boýunça ýazylan kitaplardan doly bolupdyr.

Türkmenleriň *metjitleri, medreseleri, zawyýalary (hüjreler, hanakalar)* gurmak, olaryň işini durmuşa düýpli ornaşmagy ugrunda tagalla etmegini *aň-düşünje goşunyny* döretmek bilen deňeşdirmek mümkin. Şol döwrüň medreselerini häzirki zamanyň ýokary okuw mekdepleri bilen deňeşdirmek mümkin. Medresäniň düzüminde dershana-synp, müderris ýa-da darys-mugallym, professor diýen ýaly adalgalar ýörgünli bolupdyr.

Oýlanyşykly ylym-bilim syýasatynyň netijesinde imperiýanyň çägindäki onlarça ýurtlarda emele gelen ylmy galkynyş – bu seljuklaryň ylmy diplomatiýasynyň gazananlary esasynda mümkin bolan ýagdaýdyr. "Bu döwürde Omar Haýýam, Abdyrahman Hazyny, Abu Yshak Şirazy, Abu Hamyt Gazaly,

Abdylmälik Jüweýni, Ymam Bagawy, Jarulla Abulkasym Mahmyt Zamahşary, Abu Sagd Abdylkerim Semgany Merwezi ýaly ägirtler ähli eserlerini diýen ýaly arap dilinde ýazyp, yslam medeniýetini dünýä ýaýmaga, ösdürmäge we umumamadamzat medeniýetiniň baýlaşmagyna uly goşant goşupdyrlar”.

Jumamyrat Gurbangeldiyev
(Turkmenistan)

SCIENTIFIC DIPLOMACY OF THE GREAT SELJUK EMPIRE

Scientific diplomacy is one of the important directions in the implementation of Seljuk foreign policy. It was based on the principle established in the East that the greatness of the state rests on the sword and the pen, and if the state skillfully uses the pen, then there will be no need to remove the sword from its scabbard.

The practical implementation of the creative principles of the Islamic civilization during its heyday at the beginning of the second millennium served as the fundamental basis for the successful implementation of the forms and methods of Seljuk scientific diplomacy. As emphasized by the National Leader, Hero Arkadag, during the period of the Great Seljuk Empire such scientific and educational centers of world importance as Merv, Serakhs, Abiverd, Nisa, Dehistan, Amul, Gurgench and others reached the hight of their prosperity.

An important component of the Seljuk scientific diplomacy was the exchange of achievements in the field of theology, philosophy, exact and natural sciences. One of the reasons for this was the unprecedented development of town planning and fortification practices. Thanks to the activities of the Seljuk scientists, ambassadors and diplomats, as well as the successes of the Nizamiya madrasah system, universities and corresponding scientific centers began to be created in Europe. State patronage and patronage of the Seljuk rulers greatly contributed to the widespread development of science in educational centers – madrassas in large cities of the empire.

Джумамурад Гурбангельдыев
(Туркменистан)

НАУЧНАЯ ДИПЛОМАТИЯ ВЕЛИКОЙ СЕЛЬДЖУКСКОЙ ИМПЕРИИ

Научная дипломатия – одно из важных направлений реализации внешней политики сельджуков. Она основывалась на принципе, утвердившемся на Востоке, о том, что величие государства опирается на меч и перо, и, если государство умело использует перо, то вынимать меч из ножен не понадобится.

Практическая реализация творческих начал исламской цивилизации во времена ее расцвета в начале второго тысячелетия послужила фундаментальной основой для успешного осуществления форм и методов научной дипломатии сельджуков. Как подчеркивает Национальный Лидер, туркменского народа, Герой – Аркадаг в период империи Великих сельджуков наибольшего расцвета достигли такие научно-образовательные центры мирового значения как Мерв, Серахс, Абиверд, Ниса, Дехистан, Амуль, Гургенч и другие.

Важной составляющей научной дипломатии сельджуков был обмен достижениями в области теологии, философии, точных и естественных наук. Одной из причин этого стало невиданное развитие градостроительства и фортификационных практик. Благодаря деятельности сельджукских ученых, послов и дипломатов, а также успехам четко выстроенной системы образования Низамия, в Европе начали создаваться университеты и соответствующие научные центры. Государственный патронаж и покровительство сельджукских властителей в немалой степени способствовали широкому развитию науки в учебных центрах – медресе в крупных городах империи.

Feride Muradowa
(Türkmenistan)

TÜRKMENISTANYŇ BIRLEŞEN MILLETLER GURAMASY BILEN DAŞKY GURŞAWY GORAMAK BOÝUNÇA HYZMATDAŞLYKDAKY ILERI TUTULÝAN UGURLAR

Türkmenistanyň Prezidentiniň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 2023-nji ýylyň 19-njy sentaýbrynda geçirilen 78-nji mejlisinde “Birleşen Milletler Guramasynda Merkezi Aziýadaky ekologik meselelere has düýpli we täsirli üns bermek üçin wagt ýetdi diýip hasaplaýaryn. Bu meselelere seredilende, belli bir hereketsizligi ýeňip geçmeli we örän uly giňişlikleri eýeleýän, özboluşly tebigy serişdeleri hem-de biologik köpdürlüligi bolan, şol bir wagtda, düýpli ekologik töwekgelçilik-leriň zolagynda ýerleşýän 80 milliona golaý ilatly sebit babatda BMG-niň maksatly ekologik strategiýasyny taýýarlamak boýunça belli bir salgyly we anyk çärelere başlamaly diýip pikir edýärin” diýip belläp geçen sözleri ekologiýa we daşky gurşawy goramak meselesiniň Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlygynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridiginiň aýdyň subutnamasydyr.

Döwlet Baştutanynyň çykyşyndan görnüşi ýaly, Birleşen Milletler Guramasy we onuň degişli düzüm birlikleri bilen köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy

ösdürmek daşary syýasatyň esasy ugurlarynyň biri bolup, ol ulgamlaýyn esasda yzygiderli ösdürilýär. Bu ilkinji nobatda dürli derejeli halkara meýdançalarynda öňe süren halkara başlangyçlary öz içine alýar. Häzirki wagtda işjeň tertipde öňe sürülýän ileri tutmalaryň hatarynda şu aşakdakylary görkezmek bolar. Ýagny, olar Merkezi Aziýada howanyň üýtgemegi bilen bagly tehnologiýalaryň sebit merkezini açmak, BMG-niň Aral deňziniň basseýni üçin Ýörite maksatnamasyny hem-de Merkezi Aziýa suw strategiýasyny işläp düzmek ýaly başlangyçlardan ybarat.

Ýokarda agzalan başlangyçlary durmuşa geçirmek bilen bagly Birleşen Milletler Guramasy, şol sanda bu Guramanyň Daşky gurşaw boýunça Maksatnamasy (UNEP) bilen hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine aýratyn ähmiýet berilýär. Şunuň bilen birlikde, bu gurama bilen hyzmatdaşlygyň çäklerinde işlenip düzülen "Türkmenistanyň daşky gurşaw ýagdaýy" atly seljerme synynda bellenip geçilişine görä, daşky gurşawy goramak bilen bagly hyzmatdaşlygyň şu aşakdaky ileri tutulýan ugurlary, ýagny howanyň üýtgemegi, suw baýlyklaryny dolandyrmak, goramak we tygşytly peýdalanmak, ýerleriň zaýalanmagynyň öňüni almak we çölleşmä garşy göreşmek ýaly ugurlarda milli ekologiýa syýasatynyň çäklerinde BMG bilen hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek öňe sürülýär. Şunuň bilen baglylykda, milli derejede ýokarda agzalan ugurlarda BMG bilen hyzmatdaşlygyň halkara hukuk binýadynyň ösdürilmegine aýratyn ähmiýet berilýär. Häzirki wagtda Türkmenistan jemi 20-den gowrak ekologiýa ugurly halkara konwensiýasyna goşulan döwlet bolup, olar BMG-niň Howanyň üýtgemegi baradaky çarçuwaly konwensiýasyndan, bu Konwensiýanyň Pariž ylalaşygyndan, Ozon gatlagyny goramak baradaky Wena konwensiýasyndan we Ozon gatlagyny dargadyjy maddalar boýunça Monreal teswirnamasyndan, Howply gurakçylygy we çölleşmekligi başdan geçirýän ýurtlarda, esasan hem Afrikada Çölleşmäge garşy göreş boýunça konwensiýasyndan, Hazar deňziniň deňiz gurşawyny goramak boýunça çarçuwaly konwensiýasyndan (Tähran konwensiýasy) we beýlekilerden ybarat.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 9-njy maddasynda kesgitlenilişine görä, döwletde halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalarynyň ileri tutulýandygy ykrar edilýär, bu bolsa öz gezeginde halkara şertnamalarynyň we ylalaşyklarynyň düzgünleriniň milli kanunçylyga girizilýändigini aňladýar. Şu nukdaýnazardan bu konstitusion ýörelgesi milli kanunçylykda öz beýanyny tapdy we iş ýüzünde yzygiderli durmuşa geçirilýär diýmäge bizde doly esas bar.

Ýokarda getirilenleri jemläp aýdanymyzda, halkara giňişliginde goragly daşky gurşawy gazanmak üçin döwletleriň tagallalarynyň birikdirmesi zerurdyr. Bu ugurda berk hukuk binýady işlenip düzülen özara işjeň halkara gatnaşygynyň utgaşdyryjy mehanizmi Birleşen Milletler Guramasynyň çäklerinde alnyp barylmaga degişlidir.

Feride Muradova
(Turkmenistan)

PRIORITY AREAS OF COOPERATION OF TURKMENISTAN WITH THE UNITED NATIONS (UN) IN THE FIELD OF ENVIRONMENTAL PROTECTION

The work focuses on the priority areas of the development of cooperation between Turkmenistan and the United Nations in the area of environmental protection. The research of the areas of cooperation was conducted on the basis of international documents such as the UN Framework Convention on Climate Change, the Paris Climate Agreement, the Vienna Convention for the Protection of the Ozone Layer and the Montreal Protocol on Substances that Deplete the Ozone Layer, the UN Convention to Combat Desertification, the Framework Convention for the Protection of the Marine Environment of the Caspian Sea (Tehran Convention).

The analysis has substantiated the development of priority areas of cooperation such as climate change, management, protection and rational use of water resources, combating land degradation and combating desertification.

Фериде Мурадова
(Туркменистан)

ПРИОРИТЕТНЫЕ НАПРАВЛЕНИЯ СОТРУДНИЧЕСТВА ТУРКМЕНИСТАНА С ОРГАНИЗАЦИЕЙ ОБЪЕДИНЕННЫХ НАЦИЙ (ООН) В ОБЛАСТИ ОХРАНЫ ОКРУЖАЮЩЕЙ СРЕДЫ

Работа посвящена приоритетным направлениям развития сотрудничества Туркменистана с Организацией Объединенных Наций в области охраны окружающей среды. Изучение направлений сотрудничества проведено на основе международных документов, таких как Рамочная конвенция ООН об изменении климата, Парижское Соглашение по климату, Венская конвенция об охране озонового слоя и Монреальский протокол по веществам, разрушающим озоновый слой, Конвенция ООН по борьбе с опустыниванием, Рамочная конвенция по защите морской среды Каспийского моря (Тегеранская конвенция). В результате проведенного анализа обосновано развитие приоритетных направлений сотрудничества таких как, изменение климата, управление, охрана и рациональное использование водных ресурсов, противодействие деградации земель и борьбе с опустыниванием.

Dünýägözel Amanmuhammedowa
(Türkmenistan)

TÜRKMENISTANYŇ KONSTITUSIÝASY – JENAÝAT KANUNÇYLYGYNY YNSANPERWERLEŞDIRMEGIŇ HUKUK ESASY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe dünýewi we hukuk döwleti kanunçylygyň kämilleşdirilmegi bilen berk baglanyşyklydyr. Hormatly Prezidentimiz: "Täze kanunçylyk namalaryny kabul etmegi hem-de kanunlary yzygiderli kämilleşdirip durmagy häzirki döwrüň iň wajyp meselelerinin biri diýip hasap edýärin" diýip belleýär.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 8-nji maddasyna laýyklykda, kadalaşdyryjy hukuk namalar kanunda göz öňünde tutulan tertipde döwlet köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde çap edilýär ýa-da gaýry usul bilen hemmeleriň dykgatyna ýetirilýär. Bu konstitusion düzgün kanunyň güýje girmeginiň hökmany şertidir, ol "Hukuk namalary hakynda" Türkmenistanyň Kanunynda hem bellenen.

Türkmenistanyň Konstitusiýasy ýurdumyzyň jenaýat hukugynyň konstitusion ýörelgelerini giňişleýin kepillendirýär. Şol ýörelgeleriň biri hem, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň (mundan beýläk – TJK) 5-nji maddasynda şeýle beýan edilýär: "Etmişiň jenaýatçylyklydygy we jeza berilmelidigi şol etmişiň edilen wagtynda hereket eden kanun boýunça kesgitlenilýär". Ýöne hemme kanunlaryň, şol sanda jenaýat kanunynyň hereketi wagt boýunça çäklenendir. Şol sebäpli jenaýat kanunynyň hereket edýän wagtyny kesgitlemek zerurdyr. Bu wagt üç pursatdan ugur alnyp kesgitlenýär: jenaýat kanunynyň güýje girýän wagty, onuň hereketini bes edýän wagty we jenaýat kanunynyň güýjüniň yzyna hereket edýän wagty.

Şeýlelikde, etmişiň jenaýatçylyklydygy we onuň jezalylygy jenaýat kanunynyň hereketiniň wagt çägi bilen kesgitlenýär: güýje giren pursadyndan hereketini bes eden pursadyna çenli. Bu düzgün jenaýat kanunynyň, kada boýunça, yza hereket etmäge güýjüniň ýokdugy barada umumy düzgüni hem kesgitleýär. Köne kanunyň hereket eden wagtynda edilen jenaýat köne kanunyň düzgünleri boýunça maddalaşdyrylýar we jezalandyrylýar. Emma şu umumy düzgüniň aýratyn kadasy hem bar.

Şeýle kadadan çykma TJK-nyň 6-njy maddasynda bellenendir: "Jenaýat eden adamyň jenaýat jogapkärçiligini aradan aýyrýan, jezasyny ýeňilleşdirýän ýa-da ýagdaýyny başga hili gowulandyrýan kanunyň güýji yzyna hereket edýär, ýagny ol bu kanun güýje girmezinden öň degişli etmiş eden adamlara, şol sanda jezasyny çekýän ýa-da jezasyny çeken, ýöne iş kesilenlik aýyby bolan adamlara hem degişlidir. Etmişiň jenaýatçylyklydygyny belleýän, jezany güýçlendirýän ýa-da adamyň ýagdaýyny ýaramazlaşdyrýan kanunyň güýji yzyna hereket etmeýär".

Etmişiň jenaýatçylyklydygyny aradan aýyrýan kanun – bu jenaýatlaryň hataryndan haýsydyr bir etmişi aýyrýan kanundyr, jezany ýeňilleşdirýän kanun bolsa öňki hereket eden kanun bilen deňeşdirilende jezanyň çäkleri (möçberi, möhleti) maksimal we minimal derejä çenli getirilen kanundyr. Sanksiýada haýsydyr bir jezanyň görnüşini has ýeňil jezanyň görnüşi bilen çalyşýan ýa-da alternatiw sanksiýany belleýän kanun hem ýeňilleşdirýän kanun hasaplanýar.

Jenaýat eden adamyň ýagdaýyny başga hili gowulandyrýan kanunyň hem güýji yzyna hereket edýär. Jenaýat eden adamyň ýagdaýyny şular hem gowulandyryp bilýär: howply ýa-da aýratyn howply residiwde edilen hasaplanýan etmişleriň sanynyň azaldylmagy, jenaýatyň jemi düşünjesiniň üýtgemegi, jenaýaty gaýtadan etmek düşünjesiniň aýrylmagy, azatlykdan mahrum edilenleriň jezasyny çekýän ýeri bolan düzediş edaralaryň görnüşiniň azaldylmagy, şertleýin-möhletinden öň boşatmaklygy ulanyp boljak möhletleriň gysgaldylmagy, wagt möhletleriniň (müddetleriň), iş kesilenlik aýybynyň möhletleriniň gysgaldylmagy we beýleki.

Jenaýat kanunynyň güýjüniň yzyna hereketi bilen bagly meseleleriň şeýle çözülmegi, ynsanperwerlik we adalatlylyk ýörelgeleriniň ýüze çykmasydyr. Jenaýatçylyga garşy göreş ugrundaky syýasatynyň esasy bolup, Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 64-nji maddasynda bellenen düzgün çykyş edýär: “Raýatyň ýagdaýyny yaramazlaşdyrýan kanunyň yzyna täsir ediş güýji ýokdur. Amala aşyrylan pursadynda hukuk bozulmasy hökmünde ykrar edilmedik hereketler üçin hiç kim jogapkärçilik çekip bilmez”.

Dunyagozel Amanmuhammedova
(Turkmenistan)

THE CONSTITUTION OF TURKMENISTAN – LEGAL BASES OF HUMANIZATION OF CRIMINAL LAW

The Constitution of Turkmenistan proclaims and quarantees the constitutional foundations of the criminal law of Turkmenistan. These norms are reflected in the articles 34, 35, 36, 64 of the Constitution of Turkmenistan and fundamental principles of criminal law. The development of criminal law is based on the Constitution of Turkmenistan and it is in accordance with generally recognized norms of international law. Improving of the legislation creates the possibility of providing real protection of the rights and freedom of people and citizen in the criminal law.

Дуньягозель Аманмухаммедова
(Туркменистан)

КОНСТИТУЦИЯ ТУРКМЕНИСТАНА – ПРАВОВАЯ ОСНОВА ГУМАНИЗАЦИИ УГОЛОВНОГО ЗАКОНОДАТЕЛЬСТВА

В Конституции Туркменистана провозглашены и гарантированы конституционные основы уголовного законодательства Туркменистана. Эти нормы отражаются в статьях 34, 35, 36, 64 Конституции Туркменистана и являются основополагающими принципами уголовного права. Развитие уголовного законодательства происходит на основе Конституции Туркменистана и в соответствии с общепризнанными нормами международного права. Совершенствование законодательства создает возможность обеспечения в уголовном праве реальной защиты прав и свобод человека и гражданина.

Oguljan Aýnazarowa
(Türkmenistan)

TÜRKMENISTANYŇ ULAG-ÜSTAŞYR GEÇELGELERINI HALKARA KANUNLARA LAÝYKLYKDA ÖSDÜRMEGIŇ ÄHMIÝETI

Türkmenistanda dünýäniň ulag giňişligine goşulyşmak ýurdumyzyň üstaşyr mümkinçiliklerini artdyrmak, iri logistik merkezini döretmek, ulag ulgamyny ösdürmegiň möhüm ugry bolup durýar. Ýewraziýanyň giňişliklerini gurşap alýan Günorta we Günorta–Gündogar Aziýa, Ýakyn Gündogar we Aziýa, Ýuwaş umman sebitlerine çykýan ulag ýollaryna Hazar deňziniň, Gara deňziniň we Baltika deňziniň deňiz terminallaryna çykmaga döwletimiziň giň mümkinçilikleri bardyr. Türkmenistan halkara ulag-üstaşyr geçelgelerini döretmek baradaky başlangyçlar bilen yzygiderli çykyş edip, bu ugurda anyk netijeleri gazanýar. “Demirgazyk-Günorta” transmili demir ýolunyň ulanyşa berilmegi, Türkmenistan–Özbegistan–Gazagystan–Hytaý transmilli gazgeçirijisiniň işe girizilmegi hem-de Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan transmilli gaz geçirijisiniň, Türkmenistan–Owganystan–Täjigistan halkara demir ýolunyň gurluşygynyň dowam etdirilmegi, gazanylýan üstünlikleriň aýdyň subutnamasydyr.

Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary bilen gurlup ulanylmaga berlen Gazagystan–Türkmenistan–Eýran demir ýoly hem ägirt uly ähmiýete eýedir. Bu ýol Ýewraziýa yklymynda täze halkara ýol bolmak bilen, Ýewropada

Merkezi we Günorta Aziýa, Ýakyn we Orta Gündogara ýükleri daşamakda uly amatlyklara eýedir. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 70-nji mejlisinde "Durnukly, köp ugurly ulag-üstaşyr geçelgeleriniň döredilmegine ýardam bermek maksady bilen, ugurlaryň ähli görnüşleriniň arasynda hemmetaraplaýyn hyzmatdaşlygyň üpjün edilmegi ugrunda" atly kararnama kabul edildi. Türkmenistanyň Halkara ulag-üstaşyr geçelgeleri döretmek baradaky başlangyjynyň tutuş dünýäde uly gyzyklanma eýe bolýandygynyň subutnamasydyr. BMG-niň Baş Assambleýasynyň 71-nji mejlisinde ileri tutulan ugurlaryň biri hem ulag ulgamyndaky hyzmatdaşlygyň ösdürilmegi bolup durýar. Döwletimiz ulag ulgamynda özara peýdaly gatnaşyklary ýola goýmak boýunça köp ugurly işleri yzygiderli alyp barýar. Gadymy Beýik Ýüpek ýolunyň ugrunda köp ugurly ulag infrastrukturasy gaýtadan janlandyrylýar. Bilelikdäki hyzmatdaşlygymyzyň çäklerinde ulag ulgamy güýçli depginler bilen ösýär. Daşary ýurtlardan alnan köp ýük göterýän awtoulaglaryna, hemme amatlyklary bolan ýolagçylary rahat gatnatýan "Yutong ZK6727D" kysymly, "Toyota Coaster" kysymly orta synply, "Toyota-Hiase" kysymly kici synply awtobuslaryna we täze taksilere hyzmat etmek üçin täze awtoulag kärhanalar toplumy we awtomobil mekdepleriniň birleşiginiň okuw türgünleşik merkezi, awtomenzilleri guruldy. Hormatly Prezidentimiz Hazar deňzi arkaly halkara ulag-logistika taslamalaryny amala aşyrmaga aýratyn ähmiýet berýär. Ýurdumyzyň geografik taýdan amatly ýerleşmegini, ulag ulgamyndaky uly mümkinçiliklerini nazara almak bilen, multimodal ulag infrastrukturasynyň halkara ölçeglerine laýyklykda ösdürilmegi, Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň esasy ugurlarynyň biridir. Mälim bolşy ýaly, 2023-nji ýylyň maýynda BMG-niň Baş Assambleyasynyň 77-nji sessiýasynyň 70-nji plenar mejlisniň dowamynda Türkmenistanyň başlangyjy bilen, Milletler Bileleşigine agza döwletleriň biragyzdan goldamagynda, 26-njy noýabry, "Bütindünýä ulaglar güni" diýip yglan etmek hakynda Kararnama kabul edildi. 2016-njy ýylyň 26-njy noýabrynda Aşgabatda Birleşen Milletler Guramasynyň Durnukly ulag ulgamy boýunça birinji ählumumy maslahaty geçirilipdi. Türkmenistanyň teklibi esasynda BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan 2014-nji, 2015-nji, 2017-nji we 2021-nji ýyllarda ulag ulgamyndaky hyzmatdaşlyga hil taýdan täze itergi bermäge gönükdirlen degişli kararnamalar kabul edildi.

"Türkmenistanyň raýat awiasiýasynyň ösdürmegin 2030-njy ýyla çenli Milli magsatnamasy" bu ulgamda innowasion tehnologiýalary, öňdebaryjy inzenerçilik-tehniki pikirleri, dünýäniň iň gowy tejribesini peýdalanmaga gönukdirlendir. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň hemmetaraplaýyn goldawlary netijesinde, paýtagtymyzda we ýurdumyzyň welaýatlarynda häzirki zaman tehnologiýalary bilen enjamlaşdyrylan döwrebap howa menzilleri gurlup ulanmaga berilýar, dünýäniň öňdebaryjy öndürijileriniň täze awiatehnikalarynyň satyn alynmagynyň hasabyna milli howa flotumyzyň döwrebaplasdyrylýar.

Oguljan Aynazarova
(Turkmenistan)

IMPORTANCE OF DEVELOPING TRANSPORT AND TRANSIT ROUTES OF TURKMENISTAN IN ACCORDANCE WITH INTERNATIONAL LAWS

Entering of Turkmenistan into the world transport space, expansion of the country's transit capacities, and creation of a logistics center is a significant direction in development of the transport industry. There are also huge opportunities for the country to access the transport routes of Southeast Asia, the Middle East and Asia, the Pacific covering the space of Eurasia, terminals of the Caspian Sea, the Black Sea and the Baltic Sea.

The adoption of the Resolution "Strengthening the connection of all types of transports related to the implementation of sustainable development programs" by the UN General Assembly on December 20, 2017, will give impetus to further development of the transport sector. The Esteemed President pays great attention to the implementation of international transport-logistics projects across the Caspian Sea. The peculiarities of the geographic location of Central Asia and the Caspian region provide great opportunities for development of the transport and communications industry.

Огулджан Айназарова
(Туркменистан)

ВАЖНОСТЬ РАЗВИТИЯ ТРАНСПОРТНО-ТРАНЗИТНЫХ ПУТЕЙ ТУРКМЕНИСТАНА СОГЛАСНО МЕЖДУНАРОДНЫМ ЗАКОНАМ

Присоединение Туркменистана в мировое транспортное пространство, расширение транзитных возможностей страны, создание центра логистики является значительным направлением в развитии транспортной отрасли. Также имеются огромные возможности страны для выхода на транспортные пути Юго-Восточной Азии, Ближнего Востока и Азии, Тихого океана, охватывающие пространство Евразии, на терминалы Каспийского до Черного и Балтийского морей.

Принятие резолюции "Укрепления связи всех видов транспортов, связанных с осуществлением программ стабильного развития" Генеральной Ассамблеей ООН 20 декабря 2017 года, дало толчок развитию транспортной

отрасли. Уважаемый Президент уделяет огромное внимание осуществлению проектов международной транспортной логистики через Каспийское море. Выгодное географическое расположение Центральной Азии и Каспийского региона открывают огромные возможности для развития транспортно-коммуникационной отрасли.

Guwanç Ballyýew
(Türkmenistan)

TÜRKMENISTANDA YLYM ULGAMYNY ÖSDÜRMEGIŇ HUKUK ESASLARY

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyz ähli ulgamlarda uly ösüşlere eýe bolýar. Döwletimizde durmuşa geçirilýän oňyn özgertmeler syýasaty ýurdumyzyň jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlaryny öz içine alýar. Hormatly Prezidentimiz ylym ulgamyny döwrebaplaşdyrmak meselesine aýratyn üns berip, bu ulgamyň kanunçylyk esaslaryny döwrüň talaplaryna laýyklykda ösdürmekligi möhüm wezipeleriň biri hökmünde kesgitleýär.

Raýatlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň üpjün edilmegi hem-de kepillendirilmegi häzirki döwrüň möhüm wezipeleriniň biridir. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiz ylmy, tehniki we çeper döredijiligi, onuň oňyn netijeleriniň ýaýradylmagyny höweslendirýär. Esasy Kanunymyzda "Döwlet ylmyň, tehnikanyň we tehnologiýalaryň ösüşine ýardam edýär, şeýle hem bu ugurlarda halkara hyzmatdaşlygyny goldaýar. Döwletiň ylmy-tehniki syýasaty jemgyýetiň we her bir adamyň bähbitlerine ýöredilýär. Döwlet ylmyň we tehnikanyň gazananlarynyň önümçilige ornaşdyrylmagyna ýardam edýär" diýip beýan edilýär.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynda beýan edilen konstitusion-hukuk kadalaryna laýyklykda, döwletimizde ylym ulgamynyň hukuk esaslaryny berkitmek babatda birnäçe hukuk namalary kabul edildi. Olaryň hatarynda "Ylmy intellektual eýeçilik hakynda", "Ylmy işgäriň hukuk ýagdaýy hakynda", "Ylmy edaralar hakynda", "Ylmy-tehnologiýa parklary hakynda" hem-de "Döwlet ylmy-tehniki syýasaty hakynda" Türkmenistanyň Kanunlaryny görkezmek bolar.

Döwletimizde ylym ulgamyny ösdürmek boýunça kabul edilýän hukuk namalary, halkymyzyň milli ýörelgelerini özünde jemläp, halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryna laýyk gelýär. Munuň özi döwletimizde ähli pudaklaryň ösüşiniň ylmy esasda alyp barmaga giň mümkinçilikleri döredýär. Gahryman Arkadagymyz, Arkadagly Gahryman Serdarymyz ylym ulgamyny kämilleşdirmek, döwrebaplaşdyrmak meselesine aýratyn üns berip, bu ulgamyň kanunçylyk esaslaryny döwrüň talaplaryna laýyklykda ösdürmekligi möhüm wezipeleriň biri hökmünde kesgitleýär.

Hormatly Prezidentimiz: “Jemgyýetimiziň aň-bilim kuwwatyny berkitmäge we adamyň intellektual dünýägaraýşyny ösdürmäge, ylym ulgamyny düýpli döwrebaplaşdyrmaga gönükdirilen milli maksatnamalar durmuşa geçirildi. Häzirki döwürde biz bu ugurdaky döwlet ylmy-tehniki syýasatymyzy üstünlikli alyp barýarys” diýip belleýär. Şu nukdaýnazardan, Türkmenistanyň Konstitusiýasyna we “Ylmy edaralar hakyndaky”, “Döwlet ylmy-tehniki syýasaty hakyndaky” Türkmenistanyň Kanunlaryna esaslanmak bilen, 2017-nji ýylda “Türkmenistanda durmuş-ynsanperwer ylymlaryny ösdürmegiň Döwlet Maksatnamasy” kabul edildi. Maksatnamada beýan edilişi ýaly, Türkmenistanyň Garaşsyzlyk we Bitaraplyk hukuk ýagdaýyny, döwlet gurluşyny hem-de döwletlilik ýörelgelerini, jemgyýetiň ösüş ugurlaryny ylmy esasda seljermek, adamlaryň aň-düşünjeliligini we başarnygyny, adam hukuklaryny, jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kämilleşdirmegiň ahlak we hukuk nukdaýnazarlary boýunça ylmy işleri alyp barmak derwaýys wezipeleriň biri hökmünde kesgitlenilýär.

Milli kanunçylygymyza laýyklykda, ylmy edaralaryň öňünde birnäçe maksatlar we wezipeler kesgitlenildi. Olaryň hatarynda Türkmenistanyň tehnologiýa, ykdysady we durmuş taýdan ösüşine ýardam edýän, tebigatyň, jemgyýetiň, adamyň hem-de döwletiň ösüş kanunlary hakynda täze bilimleri almaga gönükdirilen düýpli we amaly ylmy barlaglary geçirmek, Türkmenistanda ylmyň we tehnikanyň ösmegine hemmetaraplaýyn ýardam etmek, ylmyň, bilimiň we önümçiligiň arasyndaky arabaglanyşyklary berkitmek hem-de beýlekiler göz öňünde tutulýar.

Hormatly Prezidentimiz: “Ylym we bilim biziň ýolumyzdyr. Bu ýol bilen biz beýik geljegi gurýarys” diýip belleýär. Şeýlelikde, Gahryman Arkadagymyzyň öňdengörüjilikli baştutanlygynda badalga berlen, hormatly Prezidentimiz tarapyndan üstünlikli dowam etdirilýän ylmy özgertmeleriň netijesinde ylmy edaralaryň özara gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän hukuknamalar döwrüň ösen talaplaryny nazara almak bilen yzygiderli kämilleşdirilýär. Ylym ulgamyny ösdürmek boýunça kabul edilýän kadalaşdyryjy hukuknamalaryň yzygiderli kämilleşdirilmegi bolsa bu ulgamyň halkara ülňülerine laýyk getirilmegine ýardam berýär.

Guvanch Ballyyev
(Turkmenistan)

LEGAL BASIS OF DEVELOPING THE SCIENTIFIC SPHERE IN TURKMENISTAN

The continuous improvement of the laws, adopted for development of the scientific sphere, helps to bring the activities of this sphere in line with international standards. It is stated in the scientific article that the laws regulating the interaction

of research institutions, initiated under the farsighted leadership of our Hero, and successfully continued by Esteemed President of Turkmenistan, are constantly being improved taking into account the advanced requirements of the time.

Гуванч Баллыев
(Туркменистан)

ПРАВОВАЯ БАЗА РАЗВИТИЯ НАУКИ В ТУРКМЕНИСТАНЕ

Последовательная модернизация действующих правовых актов, нацеленных на развитие сферы науки, призвана в то же время привести функцию системы в соответствие с международными стандартами. В научной статье констатируется, что законы, регулирующие взаимодействие научных учреждений, запущенные по инициативе Героя-Аркадага и успешно действующие под руководством уважаемого Президента, постоянно совершенствуются с учётом передовых времени.

Ýagmyr Nuryýew
(Türkmenistan)

DÖWLETLILIK ÝÖRELGELERI WE HUKUK MEDENIÝETINIŇ ÖSÜŞI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda asyrlardan gözbaş alyp, geljege uzaýan milli ýörelgelere, halkyň agzybirligine we jebisligine daýanyp, il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli işler amala aşyrylýar. Munuň özi durnukly ösüşiň ýoly bilen ynamly öňe barýan eziz Diýarymyzyň döwlet Garaşsyzlygyny, özygtyýarlylygyny, hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyny pugtalandyrmakda, konstitusion gurluşyny, asyrlardan gözbaş alýan milli gymmatlyklarymyzy, abadan we bagtyýar durmuşy hem-de döredijilikli zähmeti goramakda döwletlilik ýörelgeleriniň esasynda guwandyryjy netijeleriň gazanylýandygyny beýan edýär.

Bu netijeler Türkmenistan döwletiniň we dünýä ýurtlarynyň iň beýik gazananlaryndan gözbaşyny alyp gaýdýan, jemgyýetde her bir adamyň gujur-gaýratyny, intellektual mümkinçiliklerini döredijilikli ugra gönükdirmegiň, adam mertebesine uly sarpa goýmagyň, ukyplaryň ösdürilmeginiň, hukuklaryň we borçlaryň berjaý edilmeginiň, durmuş goraglylygynyň üpjün edilmeginiň esasynda gazanylýar.

Halk bilen döwletiň bähbitleriniň bitewüligi we sazlaşygy Garaşsyz Türkmenistanyň gülläp ösmegini, ýurdumyzyň dünýädäki abraýynyň artmagyny, türkmen halkynyň bagtyýar ýaşaýyş-durmuşyny şertlendirýär. Bu kämillik ýolunyň aýdyň mysallary döwlet Baştutanymyzyň çykyşlarynda umumylaşdyrylyp, ylmy esasda beýan edilýär.

Adam zähmetiniň aň-düşünjeli, manyly guralmagy hemişe döredijilige, açyşlara, täzeçillige ugrugýar. Onuň manysy hünäriň, käriň çuň özleşdirilmeginde, täzeçil ugurlara aralaşmakda, maksady bolsa oňyn netijeleri gazanmakda ýüze çykýar, çünki pähim-paýhas bilen il bähbidine uýmak adamy beýleki adamlar bilen birleşdirýär, ynsanperwerleşdirýär.

Garaşsyz Watanymyzy ýokary depginler bilen ösdürmekde, kabul edilen milli we döwlet maksatnamalaryny üstünlikli ýerine ýetirmekde, mähriban halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmakda, Bitarap döwletimiziň dünýädäki abraýyny belende götermekde ýurdumyzyň raýatlarynyň her biriniň mynasyp goşandy bardyr. Döwlet derejesinde raýatlyk düşünjeliligini, raýatlyk işjeňligini höweslendirmäge, raýat jemgyýetini ösdürmäge gönükdirilen netijeli işleriň mysallary örän köp.

Türkmenistanda raýatlyk bilen baglanyşykly kanunçylygyň ösüşi, raýatlyk babatdaky milli kadanamalaryň halkara hukuk kadalary bilen sazlaşygy adam hukuklarynyň kepillendirilişiniň ýokary derejesiniň üpjün edilýändigini, raýat hukuklarynyň deňligini delillendirýär. Ýaş nesli watançylyk, Türkmenistanyň Konstitusiýasyny, kanunlaryny berjaý etmek ruhunda terbiýelemekde, olary döredijilik taýdan kämilleşdirmekde ynsanperwer çäreler örän wajyp terbiýeçilik ähmiýetine eýedir.

Mälim bolşy ýaly, hukuk medeniýeti – bu jemgyýetiň ykdysady, syýasy, durmuşy we ruhy ösüşiniň derejesi bilen şertlendirilýän umumy medeniýetiň bir görnüşidir. Ol adamzat tarapyndan uzak wagtyň dowamynda toplanan hem-de nesilden-nesle geçirilýän hukuk gymmatlyklarynyň jemgyýetde özleşdirilişiniň hem olardan peýdalanylyşynyň, ýagny döwletiň we hukugyň ösüşiniň derejesiniň görkezijisi bolmak bilen, hukuk döwletiniň esaslarynyň biridir. Ylmy edebiýatlarda hukuk medeniýetini emele getiriji şertler hökmünde: hukuk kadalaryny bilmek, hukuk bilimlerini peýdalanmak, tejribede ulanmak ukyby; jemgyýetçilik-hukuk hadysalarynyň tebigatyna düşünmek we jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyryjy hökmünde hukugyň zerurlygyna düşünmek; öz hereketleriňi hukuga laýyk alyp barmak ukyby görkezilýär. Bu görkezijileriň ählisiniň häzirki zaman türkmen jemgyýetine mahsusdygy hemmämizi guwandyrýar.

Yagmur Nuryyev
(Turkmenistan)

PRINCIPLES OF STATEHOOD AND DEVELOPMENT OF LEGAL CULTURE

The development of Turkmenistan's statehood and legal system is closely linked to the creation of political, economic, social and legal guarantees for the effective exercise of rights and the realization of human intellectual abilities.

Human values are the basis of the most important principles of our time. Progress in the development of human culture is determined by the spiritual and material achievements of people, their success in improving living conditions. In this general cultural process, successes and achievements in the development of the state and law belong to the sphere of legal culture, including the improvement of the legal and state-legal organization of people's lives. Thus, neutral Turkmenistan creates all conditions for the development of the rule of law and the legal culture of citizens.

Ягмыр Нурыев
(Туркменистан)

ПРИНЦИПЫ ГОСУДАРСТВЕННОСТИ И РАЗВИТИЕ ПРАВОВОЙ КУЛЬТУРЫ

Развитие государственности и правовой системы Туркменистана тесно взаимосвязано с созданием политических, экономических, социальных, правовых гарантий для эффективного осуществления прав и реализации интеллектуальных способностей человека.

Человеческие ценности являют собой основу важнейших принципов нашего времени. Прогресс в развитии человеческой культуры определяется духовными и материальными достижениями людей, их успехами в улучшении жизненных условий. В этом общекультурном процессе успехи и достижения в развитии государства и права относятся к сфере правовой культуры, включая совершенствование правовой и государственно-правовой организации жизни людей. Таким образом нейтральный Туркменистан создает все условия для развития правового государства и правовой культуры граждан.

Baba Zahyrow
(Türkmenistan)

BITARAP TÜRKMENISTANYŇ MEDENI-YNSANPERWER HYZMATDAŞLYGYNYŇ ÖSÜŞINIŇ HUKUK BINÝADY

Türkmenistanyň Prezidenti, Arkadagly Gahryman Serdarymyz Serdar Berdimuhamedowyň parasatly baştutanlygynda, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň başyny başlan belent maksatly daşary syýasy ugruny dowam etmek bilen, Hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň daşary syýasaty günsaýyn dabaralanýar.

"Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasy ugrunyň 2022–2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasyna" laýyklykda, syýasy we ykdysady gatnaşyklar bilen bir hatarda, medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlyk, Türkmenistanyň daşary syýasy ulgamynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolmak bilen, şahsyýetiň hem-de jemgyýetiň erkin ösüşine, şeýle hem ýurduň raýatlary tarapyndan öz mümkinçiliklerініň durmuşa geçirilmegi üçin iň amatly şertleriň döredilmegine itergi berýär.

Şunuň bilen baglylykda, dünýäde Türkmenistan döwletiniň halkara abraýynyň barha artmagy bilen, umumy adamzat ösüşiniň esasy düzüm böleklerініň biri bolan medeni-ynsanperwer gatnaşyklarynyň has-da ösdürilmeginiň zerurlygy ýüze çykýar. Şu nukdaýnazardan bu ugurdan alnyp barylýan işleriň hukuk binýadynyň has-da berkidilmeginiň derwaýys ähmiýetiniň bardygy sebäpli, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň we Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary bilen milli kanunçylygymyzyň medeni-ynsanperwer pudagynda köpsanly döwrebap, umumy ykrar edilen halkara hukuk kadalaryna we ýörelgelerine laýyk gelýän kadalaşdyryjy hukuknamalar kabul edildi. Munuň anyk mysaly hökmünde "Medeniýet hakynda", "Syýahatçylyk hakynda", "Milli taryhy-medeni mirasyň obýektlerini goramak hakynda", "Neşirýat işi hakynda", "Teatr we teatr işi hakynda", "Milli maddy däl medeni mirasy gorap saklamak hakynda", "Bedenterbiýe we sport hakynda", "Milli taryhy-medeni mirasyň gozgalýan gymmatlyklaryny goramak, äkitmek we getirmek hakynda", "Kinematografiýa hakynda" Türkmenistanyň kanunlaryny we beýleki kadalaşdyryjy hukuknamalaryny görkezmek bolar.

Şonuň bilen birlikde Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň durnukly we çalt depginde ösmegi, onuň tehnologik taýdan döwrebaplaşdyrylmagy hem-de ösüşiň innowasion ýola geçmegi, ilatyň durmuş derejesiniň we hiliniň ýokarlandyrylmagy, hukuk döwletiniň hem-de demokratik institutlaryň berkidilmegi adam hukuklarynyň we azatlyklarynyň durmuşa geçirilmegi üçin oňyn şertleriň döredilmegini alamatlandyrýar.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow bu barada şeýle belleýär: "Türkmenistan demokratiýanyň, kanunlaryň rüstemliginiň, raýat agzybirliginiň we bitewüliginiň mizemez ýörelgeleriniň esasynda ösýär. Biz bu işleri "Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy" ýylynda täze görnüşde, has ýokary derejede alyp baryp, geçmişiň beýikligine, şu günüň haýran galdyryjy üstünliklerine daýanmak, geljegiň röwşen gözýetimine nazar salmak arkaly ýurdumyzyň täze belentliklere tarap okgunly öňe gitmegini üpjün ederis".

Görkezilenler bilen birlikde, halkara medeni-ynsanperwer ulgamyndaky hyzmatdaşlyk babatda, dünýä döwletleri, halkara guramalar, aýratyn hem, Birleşen Milletler Guramasy we onuň ýöriteleşdirilen düzümleri, şol sanda ÝUNESKO bilen hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de ösdürilmegine hemişelik Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasy strategiýasynyň möhüm ugurlarynyň biri hökmünde uly ähmiýet berilýär. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň hem-de türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy bilen ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde ÝUNESKO kafedralarynyň döredilmegi bu ugurdaky hyzmatdaşlygyň möhüm ädimleriniň biri bolup durýar.

Mundan başga-da Türkmenistan abraýly halkara hyzmatdaşlyk guramasy bolan Türki Döwletleriň Guramasy – TÜRKSOÝ bilen özara medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlygyny yzygiderli giňeltmegini dowam edýär. Türkmenistanyň köp ýyllar bäri ynsanperwer, medeni, ykdysady we gaýry ugurlarda hemmetaraplaýyn bähbitli hyzmatdaşlyk edip gelýän TÜRKSOÝ bilen gatnaşyklarynyň ýygjamlaşmagy, jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynyň ösüşine oňyn täsirini ýetirmek bilen birlikde, Guramanyň agza döwletleri bilen biziň döwletimiziň arasynda hukuk ulgamyny ösdürmek hem-de döwrebaplaşdyrmak babatda tejribe alyş-çalşygyny has işjeňleşdirmäge düýpli ýardam berer diýip hasap edýäris.

Baba Zahyrov
(Turkmenistan)

THE LEGAL BASIS FOR THE DEVELOPMENT OF CULTURAL AND HUMANITARIAN COOPERATION IN NEUTRAL TURKMENISTAN

With the growing international authority of the state of Turkmenistan in the world, there is a need for further development of cultural and humanitarian ties, which are one of the main components of the development of all humanity. In connection with the urgent need to strengthen the legal framework in this area, many

modern regulations have been adopted in the cultural and humanitarian sphere of our national legislation, which implement generally recognized international legal norms and principles.

Including, the stable and rapid development of the economy of Turkmenistan, its technological modernization and development along an innovative path, increasing the standard of living and quality of the population, strengthening the rule of law and democratic institutions indicate the creation of positive conditions for the realization of human rights and freedoms.

Баба Захыров
(Туркменистан)

ПРАВОВЫЕ ОСНОВЫ РАЗВИТИЯ КУЛЬТУРНО-ГУМАНИТАРНОГО СОТРУДНИЧЕСТВА НЕЙТРАЛЬНОГО ТУРКМЕНИСТАНА

С ростом международного авторитета Туркменистана в мире возникает необходимость дальнейшего развития культурно-гуманитарных связей, которые являются одной из главных составляющих развития всего человечества. В связи с актуальной необходимостью укрепления правовой базы в этой сфере, в культурно-гуманитарной сфере нашего национального законодательства были приняты многие современные нормативно-правовые акты, в которые имплементированы общепризнанные международно-правовые нормы и принципы.

В том числе стабильное и быстрое развитие экономики Туркменистана, ее технологическая модернизация и развитие по инновационному пути, повышение уровня жизни и качества населения, укрепление законности и демократических институтов свидетельствуют о создание позитивных условий для реализации прав и свобод человека.

Şemşat Atajanaowa
(Türkmenistan)

ADAM ÖLÇEGLERI BOÝUNÇA TÜRKMENISTANYŇ HALKARA HYZMATDAŞLYGY

Jemgyýetde we döwletde demokratik ýörelgeleri yzygiderli giňeltmek hem-de baýlaşdyrmak, raýatlaryň hukuk kepilliklerini berkitmek bilen Türkmenistan ynsanperwer ugurda halkara guramalaryň wekilhanalary bilen işjeň hyzmat-

daşlygy alyp barýar. Bu hyzmatdaşlyk köptaraplaýyn bolup, adam ölçegleri ugrundaky dürli başlangyçlar we üstünlikler bilen häsiýetlendirilýär. Soňky ýyllarda ýurdumyzda adam ölçegleri babatda hukuk, ykdysady, institusional ugurlarda hem anyk ädimler ädildi.

Döwletleriň halkara borçnamalaryna, umumadamzat gymmatlyklaryna ygrarlylygy jemgyýetimiziň geljekki ösüşiniň kepilidir. Ýurdumyzyň bu ýetilen sepgitler bilen çäklenmän, islendik jemgyýet ýaly adam ölçeglerini kämilleşdirmek boýunça hemişe ösüşde bolup durýandygy aýratyn bellenmäge mynasyp.

Shemshat Atajanova
(Turkmenistan)

INTERNATIONAL COOPERATION OF TURKMENISTAN IN THE FIELD OF HUMAN DIMENSION

Consistently expanding and deepening democratic principles in the life of society and the state, strengthening guarantees of the rights of citizens, Turkmenistan actively cooperates in the humanitarian sphere with representatives of international organizations. This cooperation is multilateral, characterized by a variety of initiatives and achievements in the field of the human dimension. In recent years, a number of practical steps have been taken in the country, including legislative, economic, and institutional steps in the field of the human dimension.

The commitment of states to international obligations and universal human values is the key to the further development of our society. It is important to note that our country does not stop there, and like any society is in constant development and improvement in the field of the human dimension.

Шемшат Атаджанова
(Туркменистан)

МЕЖДУНАРОДНОЕ СОТРУДНИЧЕСТВО ТУРКМЕНИСТАНА В ОБЛАСТИ ЧЕЛОВЕЧЕСКОГО ИЗМЕРЕНИЯ

Туркменистан, являясь полноценным и деятельным участником современной системы международных отношений, под руководством Президента Туркменистана Сердара Бердымухамедова последовательно проводит политику по обеспечению прав человека, совершенствованию деятельности в области человеческого измерения и укрепления сотрудничества с международными организациями.

Одной из важнейших составляющих внешнеполитического курса Туркменистана является гуманитарное направление, которое рассматривается как мощный инструмент взаимопонимания между народами и государствами, уважения и доверия между людьми. Последовательно расширяя и углубляя демократические начала в жизни общества и государства, усиливая гарантии прав граждан, Туркменистан активно сотрудничает в гуманитарной сфере с представительствами международных организаций. Это сотрудничество является многосторонним, отличается разнообразием инициатив и достижений в области человеческого измерения. В последние годы в стране осуществляется ряд практических шагов, в том числе, законодательных, экономических, институциональных в области человеческого измерения.

В настоящее время реализуется Рамочная программа сотрудничества в области устойчивого развития между Туркменистаном и Организацией Объединенных Наций на 2021–2025 гг.

Рамочная программа тесно взаимосвязана с программами Туркменистана по социально-экономическому развитию, Целями устойчивого развития (ЦУР) и отражает приверженность нашей страны Повестке дня в области устойчивого развития на период до 2030 года и международным обязательствам в области прав человека.

Важно отметить, что вся наша совместная деятельность в рамках Рамочной программы сотрудничества в области устойчивого развития направлена на дальнейшую демократизацию нашего общества, развитие гражданского общества и, в целом, на улучшение качества жизни граждан.

Укрепление сотрудничества с международными организациями, построенные на принципах взаимных интересов и исполнения международных обязательств, позволяют развивать плодотворное партнерство и обогащать его новым содержанием. Такая форма сотрудничества вносит значительный вклад в укрепление доверия и углубления конструктивного диалога в области человеческого измерения.

Правительством Туркменистана предпринимаются конкретные шаги по совершенствованию деятельности в области человеческого измерения. В соответствии со своими обязательствами Туркменистан подписал основополагающие международные конвенции и протоколы по правам человека, имплементирует их основные принципы и положения в национальное законодательство и строго им следует.

Национальные доклады по выполнению положений Конвенций в области прав человека, ратифицированных Туркменистаном. представляются в договорные органы ООН и Совет по правам человека на системной основе.

Активная работа и постоянные контакты налажены с офисами основных международных организаций гуманитарной направленности, дипло-

матическими миссиями зарубежных государств, неправительственными международными организациями, аккредитованными в Туркменистане, научными и гуманитарными центрами Центрально-азиатского региона и других стран. Реализуются совместные гуманитарные проекты, национальные планы и программы, охватывающие различные сферы жизнедеятельности страны. В результате активизирующегося диалога между Туркменистаном и международными структурами их совместная деятельность получает свое дальнейшее развитие, обретая все более конкретные формы.

Динамично развивается традиционное сотрудничество с Организацией Объединенных Наций и ее специализированными агентствами во имя мира, безопасности и устойчивого роста. Эффективное партнерство с Программой развития ООН, Фондом ООН по народонаселению, Детским фондом ООН ЮНЕСКО, ЮНИСЕФ, Всемирной организацией здравоохранения, Организацией ООН по вопросам образования, науки и культуры и другими структурами системы ООН оказывает содействие реализации государственных программ социально-экономического развития и соответствующих национальных приоритетов, выполнению международных обязательств Туркменистана в рамках подписанных конвенций и достижению Целей устойчивого развития.

Туркменистан последовательно и целенаправленно проводит политику в области человеческого измерения, осуществляя практические шаги по обеспечению прав и свобод человека. Приверженность государств международным обязательствам, общечеловеческим ценностям является залогом дальнейшего развития каждого общества. Важно отметить, что наша страна не останавливается на достигнутом, и как любое общество находится в постоянном развитии, совершенствовании в области человеческого измерения.

Aýgözel Nurlyýewa
(Türkmenistan)

TÜRKMENISTANYŇ TARYHY-MEDENI ÝADYGÄRLIKLERINIŇ HUKUK GORAGY

Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary netijesinde Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halkymyzyň taryhy-medeni mirasy ylmy esasda öwrenilip we dünýä ýaýmak ugrunda uly işler amala aşyrylýar. Häzirki wagtda ýurdumyzyň gozgalmaýan taryhy-medeni ýadygärliklerini döwlet derejesinde goramak has netijeli ähmiýete eýe bolýar. Geçmişden şu günlerimize çenli gelip ýeten her bir taryhy we medeni ýadygärliklerimize uly hormat

bilen aýawly garalyp, olaryň durky täzelenilýär hem-de olary wagyz etmekde innowasion usullar, ylmyň häzirki zaman gazananlary ornaşdyrylýar. Bu babatda Beýik Ýüpek ýolunyň ugrunda ýerleşen ýadygärlikleriň taryhyny, olaryň tertip taýdan ýerleşişini hem-de hukuk goraglylygyny üpjün etmek şu günki gün wajyp wezipeleriň hatarynda durýar.

Häzirki döwürde ýurdumyzyň kanunçylygy halkara kadalara laýyklykda sazlaşdyrylýar. Türkmenistanda taryhy-medeni ýadygärlikleriň hukuk goraglylygy wajyp ähmiýete eýe bolup, ol Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň kadalarynda, "Milli taryhy-medeni mirasyň obýektlerini goramak hakynda" Türkmenistanyň kanunynda we beýleki hukuknamalarda öz beýanyny tapýar. Bu kadalaşdyryjy hukuknamalaryň ählisi halkymyzyň medeniýetini döretmek, gaýtadan dikeltmek, aýawly saklamak, ösdürmek we peýdalanmak çygryndaky jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýär we medeni gymmatlyklaryň raýatlara elýeterli bolmagy baradaky konstitusion hukuklaryň üpjün edilmegini kepillendirýär.

Ýurdumyzyň taryhy-medeni ýadygärliklerini öwrenmek we geljekki nesiller üçin goralyp saklanylmagyna gönükdirilen resminamalar hem bar. Olaryň hatarynda "Milli taryhy-medeni mirasyň obýektlerini goramak hakynda", şeýle hem "Medeniýet" hakynda Tükmenistanyň kanunlaryna laýyklykda, 2012-nji ýylyň 6-njy ýanwarynda tassyklanan "Taryhy, arhelogiýa, şähergurluşyk, binagärlik we monumental çeper ýadygärlikleriň, tebigy-landşaft desgalarynyň gorag zolaklaryny bellemegiň tertibini" aýratyn bellemek bolar. Bu resminama gozgalmaýan ýadygärlikleriň çäklerini aýawly saklamagyň we goralýan zolaklary ulanmagyň kadalaryny kesgitlemegi aýdyň şöhlelendirýär. 2016-njy ýylyň 18-nji fewralynda kabul edilen "Türkmenistanyň gozgalmaýan taryhy-medeni ýadygärliklerinin goragyny üpjün etmegiň meseleleri hakyndaky" Karar bilen tassyklanan "Türkmenistanyň çäginde ýergurluşyk, ýer, ýolgurluşyk, gurluşyk, meliorativ, hojalyk işlerini we beýleki işleri geçirmegiň taslamalary ylalaşmagyň Tertibi" taryhy-medeni ýadygärlikleri gorap saklamak boýunça möhüm resminamalaryň biridir. Bu resminama laýyklykda, eýeçiligiň görnüşine garamazadan, edara görnüşli we şahsy taraplar ýergurluşyk, ýer, ýolgurluşyk, gurluşyk, meliorativ, hojalyk işlerini we beýleki işleri geçirmegiň taslamalaryny Medeniýet ministrligi bilen ylalaşmagy üpjün etmäge borçly edildi.

Ýurdumyzyň medeni mirasynyň gymmatlyklarynyň örän uly ähmiýete eýedigini, Gadymy Merwiň, Köneürgenjiň taryhy-medeni ýadygärliklerinin we Nusaýyň Parfiýa galalarynyň Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet boýunça guramasynyň (UNESCO) Bütindünýä medeni mirasynyň sanawyna girizilmegi baradaky çözgüdiň kabul edilmegi hem olaryň halkara derejede ykrar edilmegini ýene bir ýola aýdyň görkezýär. Bu täsin ýadygärlikler umumadamzat gymmatlyklarynyň gazananlary bolmak bilen, olary geljek nesiller üçin aýawly saklamak möhüm ähmiýetli wezipe bolup durýar.

Türkmenistan ÝUNESKO-nyň ugry boýunça ileri tutulýan meseleleriň giň gerimini öz içine alýan halkara-hukuk resminamalarynyň toplumyny ykrar etdi. Olaryň hatarynda "ÝUNESKO-nyň Bütindünýä medeni we tebigy mirasy goramak hakynda" (26.09.1994 ý), "Maddy däl medeni mirasy goramak hakynda" (4.08.2011 ý) hem-de "Edebi we çeper eserleri goramak boýunça Bern Konwensiýalaryny" (12.01.2016 ý) görkezmek bolar. Bu halkara resminamalary Türkmenistanyň medeni we taryhy mirasyny aýawly saklamak, öwrenmek, rejelemek hem-de peýdalanmak babatyndaky kanunçylygynyň kadalarynyň esasyny düzýär. Halkara resminamalaryň kadalary " Medeniýet hakynda", "Muzeýler we muzeý işi hakynda" (20.12.1996ý) "Medeniýet hakynda" (12.03.2010 ý), "Milli taryhy-medeni mirasyň gozgalýan gymmatlyklaryny goramak, äkitmek we getirmek hakynda" (26.03.2016 ý) hem-de "Aýratyn goralýan tebigy ýerler hakynda" (31.03.2012 ý) Türkmenistanyň Kanunlarynyň maddalarynda öz beýanyny tapýar. Şeýlelikde, Türkmenistanyň taryhy-medeni gymmatlyklarynyň hukuk goraglylygy halkara derejede üpjün edilýär.

Aygozel Nurlyyeva
(Turkmenistan)

LEGAL PROTECTION OF HISTORICAL AND CULTURAL MONUMENTS OF TURKMENISTAN

Currently, the country's legislation has been brought into line with international standards. The legal protection of historical and cultural monuments is of great importance in the country, which is reflected in the provisions of the Basic Law of the State, the Laws of Turkmenistan "On Culture", "On the protection of objects of national historical and cultural heritage" and other legal acts.

Successful results have been achieved in joint work with UNESCO – the United Nations Educational, Scientific and Cultural Organization – in recognizing and perpetuating the role of outstanding examples of historical and cultural heritage created by the Turkmen people in world culture. The inclusion of a number of historical and cultural monuments in the UNESCO World Cultural Heritage List is a clear indicator of the successful implementation of these historical tasks.

Айгозель Нурлыева
(Туркменистан)

ПРАВОВАЯ ЗАЩИТА ИСТОРИКО-КУЛЬТУРНЫХ ПАМЯТНИКОВ ТУРКМЕНИСТАНА

В настоящее время законодательство страны приведено в соответствие с международными нормами. Правовая охрана памятников истории и культуры имеет большое значение в стране, что отражено в положениях Основного закона государства, Законах Туркменистана "О культуре", "Об охране объектов национального историко-культурного наследия" и другие правовые акты.

Успешные результаты достигнуты в совместной работе с ЮНЕСКО – специализированной Организации Объединенных Наций по вопросам образования, науки и культуры – в признании и увековечении роли выдающихся образцов историко-культурного наследия, созданного туркменским народом, в мировой культуре. Включение ряда историко-культурных памятников в Список всемирного культурного наследия ЮНЕСКО является наглядным показателям успешной реализации этих исторических задач.

Babamyrat Seýfullaýew
(Türkmenistan)

MILLI PENSIÝA ÜPJÜNÇILIK ULGAMY WE HALKARA YNSANPERWER ÝÖRELGELER

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 9-njy maddasyna laýyklykda, ýurdumyzda halkara hukugyň umumy ykrar edilen kadalary ileri tutulýar. Döwletimiziň gatnaşyjy bolup durýan halkara guramalarynyň konwensiýalaryna, şertnamalaryna we beýleki resminamalaryna goşulmagy, umumy ykrar edilen halkara hukuk kadalaryny milli kanunçylyga ornaşdyrmagyň esasy ugurlarynyň biridir.

"Birleşen Milletler Guramasynyň Raýat we syýasy hukuklar hakynda halkara Pakty" (1966 ý.), "Ykdysady, durmuş we medeni hukuklar hakynda halkara Pakty" (1966 ý.) adamyň durmuş üpjünçiligine bolan hukuklary babatdaky hukuk resminamalarynyň esasylary bolup, öz gözbaşyny Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasyndan alyp gaýdýar. Türkmenistan döwletimiz bu iki möhüm halkara hukuk resminamasyny 1996-njy ýylda ykrar edip, olardan gelip çykýan borçnamalary gyşarnyksyz ýerine ýetirýän döwlet hökmünde dünýä jemgyýetçiligine äşgär etdi.

Ykdysady, durmuş we medeni hukuklar hakyndaky halkara Paktyň 9-njy maddasynda: “Pakta gatnaşýan döwletler her bir adamyň durmuş üpjünçiligine, şol sanda durmuş ätiýaçlandyrmasyna hukugyny ykrar edýär” diýip bellenilýär. Bu kada Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 54-nji maddasynda aýdyň şöhlelenýär. Konstitusion kada laýyklykda, raýatlaryň ýaşy boýunça, näsaglan, maýyp bolan, işe ukyplylygyny, ekleýjisini ýitiren, işsiz bolan halatynda we gaýry kanuny esaslar boýunça durmuş üpjünçiligine hukugy bardyr.

Döwletiň möhüm durmuş kepillendirmeleriniň, durmuş üpjünçiliginiň esasy görnüşleriniň biri bu pensiýa üpjünçiligi bolup, ol ýurdumyzyň ilatynyň ählisiniň geljekki üpjünçiliginiň ýokary derejede bolmagyna gönükdirilendir, şeýle hem pensiýa üpjünçiligi gartaşan raýatlaryň, maýyplygy bolan adamlaryň, ekleýjisini ýitiren adamlaryň maşgala agzalarynyň häzirki wagtdaky maddy üpjünçiliginiň esasy çeşmesi bolup çykyş edýär.

Pensiýa üpjünçiligi Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakynda kodeksi, “Döwlet pensiýa ätiýaçlandyrmasy hakynda” Türkmenistanyň Kanuny bilen düzgünleşdirilýär. “Döwlet pensiýa ätiýaçlandyrmasy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 3-nji maddasyna laýyklykda, döwlet pensiýa ätiýaçlandyrmasy hökmany, hökmany hünär we meýletin pensiýa ätiýaçlandyrmalary ýaly görnüşleri tapawutlandyrylýar. Döwlet pensiýa ätiýaçlandyrmasynyň bu görnüşlerine ätiýaçlandyrylan şahslaryň ätiýaçlandyrma töwekgelçiligi we ätiýäçlandyrma halaty ýüze çykan ýagdaýynda hukuklary bardyr. Munuň özi milli kanunçylygyň umumy ykrar edilen halkara hukuk kadalaryna laýyk gelýändigini we onuň bilen sazlaşykly utgaşýandygyny tassyklaýar.

Häzirki wagtda ýurdumyzda pensiýalaryň 6 görnüşi, ýagny ýaşy; gulluk ýyllary; hünäri; maýyplygy; ekleýjisini ýitirendigi boýunça we toplaýyş pensiýalary tapawutlandyrylýar, şeýle hem pensiýa ýaşyna ýeten raýatlara Türkmenistanyň öňünde bitiren aýratyn hyzmatlary üçin şahsy pensiýalar bellenilýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2023-nji ýylyň 25-nji awgustyndaky “Şahsy pensiýalary bellemegiň meseleleri hakynda” Kararyna laýyklykda, köp ýyllaryň dowamynda yhlasly, halal zähmet çekip, döwletiň içeri hem-de daşary syýasatynyň rowaçlanmagyna, jemgyýetiň we ykdysadyýetiň ösmegine, ýurduň goranmak ukybynyň berkidilmegine, howpsuzlygyň, jemgyýetçilik hem-de hukuk tertibiniň, kanunçylygyň üpjün edilmegine aýratyn goşant goşan, Türkmenistanyň Gahrymany diýen ada ýa-da (we) Türkmenistanyň birnäçe beýleki döwlet sylaglaryna mynasyp bolan, Türkmenistanyň 62 ýaşy dolan erkek raýatlaryna, 57 ýaşy dolan zenan raýatlaryna şahsy pensiýalar bellenilip bilinýär. Şahsy pensiýa Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Şahsy pensiýalary bellemek boýunça ýörite toparyň çözgüdi bilen bellenilýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyny amala

aşyrmak boýunça 2022–2030-njy ýyllar aralygynda ýerine ýetirilmeli çäreleriň Meýilnamasynda geljek ýyllarda durmuş taýdan goraglylyk boýunça halkara guramalar bilen hyzmatdaşlygy ösdürmek, zähmete ukyply ilaty pensiýa ätiýaçlandyrmasyna çekmek boýunça işleri dowam etmek, Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň wagtlaýyn ulanylmaýan serişdelerini we raýatlaryň pensiýa toplamalaryny netijeli maýagoýuma gönükdirmek hem-de onuň usullaryny kämilleşdirmek ýaly çäreler göz öňünde tutulandyr. Bu çäreleriň durmuşa geçirilmegi ýurdumyzyň pensiýa üpjünçiligi ulgamyny döwrebaplaşdyrmakda oňyn täsirini ýetirer.

Babamyrat Seyfullayev
(Turkmenistan)

NATIONAL PENSION SYSTEM AND INTERNATIONAL HUMANITARIAN PRINCIPLES

According to Article 54 of the Constitution of Turkmenistan, citizens have the right to social security due to age, in case of illness, disability, loss of ability to work, loss of a breadwinner, unemployment and other legal grounds. One of the main types of social security and important social guarantees of the state is pension provision, which is aimed at further improving the well-being of the entire population.

The “National Program for Socio-Economic Development of Turkmenistan for 2022–2052” provides for a wide range of measures to improve legislation in the field of employment, social services and social security; development of cooperation with international organizations on labor protection and social protection; improving social services for citizens in need of support.

Бабамырат Сейфуллаев
(Туркменистан)

НАЦИОНАЛЬНАЯ СИСТЕМА ПЕНСИОННОГО ОБЕСПЕЧЕНИЯ И МЕЖДУНАРОДНЫЕ ГУМАНИТАРНЫЕ ПРИНЦИПЫ

Согласно статьи 54 Конституции Туркменистана, граждане имеют права на социальное обеспечение по возрасту, в случае болезни, инвалидности, утраты трудоспособности, потери кормильца, безработицы и по иным законным основаниям. Одним из основных видов социального обеспечения является пенсионное обеспечение, которое направлено на дальнейшее повышение благосостояния всего населения.

В “Национальной программе социально-экономического развития Туркменистана на 2022–2052 годы” предусмотрен широкий комплекс мер по совершенствованию законодательства в сфере занятости, социального обслуживания и социального обеспечения; развитию сотрудничества с международными организациями по охране труда и социальной защиты; улучшению социального обслуживания граждан, нуждающихся в поддержке.

Gülzar Aşyrowa
(Türkmenistan)

DÖWLET EKOLOGIÝA GÖZEGÇILIGI WE KONSTITUSION ÝÖRELGELER

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň ekologiýa babatdaky möhüm düzgünleri daşky gurşawy goramaga, tebigatdan rejeli peýdalanmaga, ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmäge gönükdirilýär. Esasy Kanunymyzda Ýeriň we ýerasty baýlyklar, suwlar, ösümlik we haýwanat dünýäsi, şeýle hem beýleki tebigy baýlyklaryň Türkmenistanyň umumymilli baýlygy bolup durýandygy, döwlet tarapyndan goralýandygy, döwletiň milli taryhy, medeni we tebigy mirasynyň, daşky gurşawyň abat saklanylmagynyň üpjün edilmegi üçin jogapkärlidigi, her bir adamyň jan saglygy üçin amatly daşky gurşawa, onuň ýagdaýy barada hakyky maglumata hukugynyň bardygy, şeýle hem her bir adamyň tebigaty goramaga, daşky gurşawa we tebigy baýlyklara aýawly çemeleşmäge borçludygy göz öňüne tutulandyr.

Hormatly Prezidentimiz ýer we suw serişdeleriniň tygşytly, netijeli peýdalanylmagynyň, täze tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagynyň, ekologik howpsuzlygyň üpjün edilmeginiň döwlet syýasatynyň esasy ugurlarynyň birine öwrülendigini nygtaýar. Ýurdumyzda daşky gurşawyň ekologiýa ýagdaýyny yzygiderli gowulandyrmak, tebigaty goramak, suwdan, ýerlerden biologik gorlardan rejeli peýdalanmak, biologik köpdürlüligi hem-de tebigy çäkleri aýawly saklamak, howanyň hapalanma derejesini peseltmek, çölleşmä we tokaýlaryň ýok bolup gitmegine garşy göreşmek, ilatyň ekologiýa düşünjesini artdyrmak boýunça işler yzygiderli durmuşa geçirilýär.

Senagat önümçiliklerniň döwrebaplaşdyrylmagy, täze tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy we energiýa netijeliligi, baý tebigy gorlarymyzyň aýawly ulanylmagy, “ýaşyl ykdysadyýetiň” ösmegi üçin şertleriň döredilmegi Türkmenistanyň ekologiýa syýasatyna laýyk gelýär. Senagat hem-de beýleki hojalyk işinde tebigaty goramak babatyndaky kanunçylygyň ýerine ýetirilmegine gözegçilik, ilat üçin ekologiýa taýdan howpsuz şertleriň döredilmegi, ösümlik we haýwanat dünýäsiniň köpdürlüligi, şeýle-de ekologiýa ýagdaýyna

monitoring geçirmek üçin tebigaty goramak çygryndaky “Tebigaty goramak hakynda”, “Ekologiýa seljermesi hakynda”, “Atmosfera howasyny goramak hakynda”, “Galyndylar hakynda”, “Ekologiýa howpsuzlygy hakynda” we beýleki Türkmenistanyň Kanunlarynyň talaplaryna laýyklykda dürli senagat hem-de önümçilik desgalarynyň işine gözegçilik etmek bilen bir hatarda hukuk ugrukdyrylmasyny üpjün edýär.

Döwlet ekologiýa gözegçiliginiň wezipesi ýuridik we fiziki şahslaryň ählisi tarapyndan Türkmenistanda kabul edilen tebigaty goramak babatyndaky kanunçylygyň talaplarynyň, kadalaşdyryjy hukuknamalaryň, ekologiýa kadalarynyň, daşky gurşawy goramak boýunça düzgünleriň hem-de beýleki kadalaşdyryjy resminamalaryň berjaý edilmegini üpjün etmekden ybaratdyr.

Daşky gurşawyň monitoringi seljermesi – ol döwürleýin syn etmeleriň, alnan maglumatlary toplamagyň, işlemegiň hem-de degişli edaralara geçirmegiň, şeýle-de daşky gurşawyň ýagdaýy hakyndaky maglumatlary seljermegiň ulgamydyr. Mysal üçin, paýtagtymyzda we welaýatlaryň çäginde howanyň düzümine gözegçilik edilýär, onuň düzümindäki degişli maddalaryň derejeleri ýüze çykarylýar. Alnan maglumatlar tassyklanylan sanitar kadalaryna laýyklykda işlenilýär.

Önümçilik we sarp ediş galyndylaryny dolandyrmaga degişli monitoring alnyp barylýar. Senagat we beýleki döwlet hem-de hususy eýeçiliklere degişli ýuridiki we fiziki şahslaryň işleri netijesinde emele gelýän önümçilik galyndylary, şeýle-de kärhanalardaky ozon dargadyjy maddalary dolandyrmak babatynda monitoring amala aşyrylýar. Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrliginiň düzüminde Ekologiýa gözegçiligi gullugy döredildi. Onuň işi döwlet ekologiýa strategiýasynyň durmuşa geçirilmegini üpjün edýär. Bu gullukda ylmyň öňdebaryjy gazanylan tehnologiýalary ornaşdyrylyp, ekologiýa howpsuzlygynyň meselelerine degişli maglumatlar alynýar we öwrenilýär.

Gulzar Ashyrova
(Turkmenistan)

STATE ENVIRONMENTAL SUPERVISION AND CONSTITUTIONAL PRINCIPLES

The norms of the Constitution of Turkmenistan are aimed at environmental protection, careful attitude to nature, and ensuring environmental safety. The tasks of the state environmental control and monitoring are to ensure compliance by legal entities and individuals with the requirements of Turkmenistan’s legislation on nature protection, normative legal acts, environmental standards, and regulations on environmental protection.

State environmental control and monitoring is a comprehensive system of monitoring the state of the environment and natural resources in order to assess, predict and control changes in their condition under the influence of natural and anthropogenic factors.

Гульзар Аширова
(Туркменистан)

ГОСУДАРСТВЕННЫЙ ЭКОЛОГИЧЕСКИЙ КОНТРОЛЬ И КОНСТИТУЦИОННЫЕ ПРИНЦИПЫ

Нормы Конституции Туркменистана направлены на охрану окружающей среды, бережное отношение к природе и на обеспечение экологической безопасности. Задачи государственного экологического контроля и мониторинга состоит в обеспечении соблюдения юридическими и физическими лицами требований законодательства Туркменистана по охране природы, нормативно-правовых актов, экологических стандартов, положений по охране окружающей среды.

Государственный экологический контроль и мониторинг – это комплексная система наблюдений за состоянием окружающие среды, природных ресурсов в целях оценки, прогноза контроля изменений их состояния под воздействием природных и антропогенных факторов.

Süleýman Gurbanýazow
(Türkmenistan)

KIÇI WE ORTA TELEKEÇILIGI ÖSDÜRMEGIŇ HUKUK DÜZGÜNLEŞDIRILIŞI

Milli ykdysadyýetiň senagatlaşma derejesini ýokarlandyrmak, institusional özgertmeleri, sanly ykdysadyýeti we sanly tehnologiýalary ornaşdyrmagy çuňlaşdyrmak, bazar ykdysadyýetini, kiçi we orta telekeçiligi işjeň ösdürmek, amatly işewürlik gurşawyny döretmek “Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli Maksatnamasynyň” esasy maksatlarynyň biridir. Bu maksatlara ýetmek üçin 2022–2030-njy ýyllar aralygynda ykdysadyýetiň hususy bölegini goldamak boýunça kiçi we orta telekeçiligiň subýektlerine maliýe, infrastruktura, emläk, hukuk, usulyýet, guramaçylyk we beýleki goldawlary bermegi dowam etmek; bu goldawlaryň täze usullaryny işläp düzmek; şeýle hem bu ugurdaky kanunçylygy kämilleşdirmek; töleg, karz ulgamlaryny ýeňilleşdirmek göz öňünde tutulýar.

Ýurdumyzda amala aşyrylýan hukuk özgertmeleriniň baş maksatlarynyň biri hem telekeçilik işini alyp barmak üçin amatly şertleri döretmekden we işiň bu görnüşi bilen meşgullanýan taraplaryň kanuny bähbitlerini gorap saklamakdan ybarat bolup durýar. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 47-nji maddasynda "Her bir adamyň telekeçilik we kanunda gadagan edilmedik gaýry ykdysady işi üçin öz ukyplaryny hem-de emlägini peýdalanmaga hukugy bardyr" diýip kesgitlenilmegi, telekeçilik işi bilen meşgullanmak üçin döwlet kepilliklerini üpjün edýär. Bu konstitusion kada her bir adamyň zähmete bolan ukyp-başarnyklaryna erkin erk edip, emlägini peýdalanmak arkaly telekeçilik işini amala aşyrmak mümkinçiligini döredýär. Munuň özi bazar gatnaşyklary şertlerinde her bir adama durmuş-ykdysady ulgamlaryň islendik pudagynda, kanunda gadagan edilmedik işleri amala aşyrmak arkaly telekeçilik işi bilen meşgullanmaga ygtyýar berilýändigini aňladýar.

Eýeçiligiň eldegrilmesizligi, köpgörnüşliligi we deňligi Esasy Kanunymyzyň 12-nji maddasynda berkidilendir. Konstitusion kada laýyklykda, "Eýeçilik eldegrilmesizdir. Türkmenistan ýere, önümçilik serişdelerine, gaýry maddy we intellektual gymmatlyklara hususy eýeçilik hukugyny ykrar edýär, şeýle hem olar raýatlaryň birleşiklerine hem-de döwlete degişli bolup biler. Döwlet eýeçiliginiň ähli görnüşleriniň deň goragyny kepillendirýär we olaryň ösmegi üçin deň şertleri döredýär". Hususy eýeçilik hukugynyň konstitusion esasda goralmagy bazar ykdysady şertlerinde durmuş-ykdysady ösüşi hem-de bähbitleriň utgaşyklygyny üpjün etmäge gönükdirilendir. Hususy eýeçilik hukugynyň goragynyň konstutision derejede kepillendirilmegi adamlaryň işjeňliginiň artmagyna, ykdysadyýetiň durnukly ösüşine mynasyp goşant goşmagyna şert döredýär.

Esasy Kanunymyzyň 48-nji maddasynda bolsa hususy eýeçilik hukugynyň kanun bilen goralýandygy beýan edilýär. Hususan-da, her adamyň eýeçiliginde emläginiň bolmagyna, emläginiň özbaşdak, şeýle-de beýleki şahslar bilen bilelikde eýelik etmäge, ondan peýdalanmaga hem-de oňa ygtyýar etmäge haklydygy beýan edilýär. Telekeçilik işinde wajyp meseleleriň biri bolup duran eýeçilik hukugy bilen baglanyşykly meseleleriň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmegi ýurdumyzda telekeçilik işi bilen meşgullanmaga berilýän baş kepillikleriň biri bolup durýar.

Döwletiň telekeçiligi höweslendirýändigi hem-de goldaýandygy, kiçi we orta işewürliginiň ösmegine ýardam edýändigi hakyndaky kadalar Türkmenistan döwletiniň ykdysady esaslaryny berkitmegiň binýatlyk ugurlarynyň biridir. Döwlet goldawy, ozaly bilen, amatly hukuk, ykdysady, maliýe we durmuş şertleriniň döredilmeginde şöhlelenýär. Muňa, esasan hem, hereket edýän we döwrüň talaplaryna görä yzygiderli kämilleşdirilýän kanunçylyk binýady, telekeçilik işini hasaba almagyň hem-de güwälendirmegiň ýönekeýleşdirilen tertibi, salgyt salmagyň ýeňilleşdirilen ulgamy, ýeňillikli şertlerde berilýän karzlar, uzakmöhletleýin peýdalanmaga berilýän ýer bölekleri hem-de şol ýerleri özleşdirmek üçin daşary ýurtlardan satyn alnyp berilýän ýokary öndürijilikli tehnikalar, gurallar, enjamlar we beýleki hukuk, maliýe hem-de durmuş şertleri mysal bolup durýar.

Suleyman Gurbanyazov
(Turkmenistan)

LEGAL REGULATION OF THE DEVELOPMENT OF SMALL AND MEDIUM-SIZED ENTERPRISES

The development of the non–governmental sector of the national economy, increasing its role through the widespread introduction of modern market mechanisms, and support for entrepreneurial initiative are among the priorities of progressive socially oriented state policy.

One of the main goals of the Program is “The revival of a new era of a powerful state: The National Program of Socio-economic Development of Turkmenistan for 2022–2052” aims to increase the level of industrialization of the national economy, deepen institutional reforms, introduce the digital economy and digital technologies, actively develop a market economy, small and medium-sized enterprises.

Сулейман Курбанязов
(Туркменистан)

ПРАВОВОЕ РЕГУЛИРОВАНИЕ РАЗВИТИЯ МАЛОГО И СРЕДНЕГО ПРЕДПРИНИМАТЕЛЬСТВА

Развитие негосударственного сектора национальной экономики, повышение его роли за счёт широкого внедрения современных рыночных механизмов, поддержка предпринимательской инициативы – в числе приоритетов прогрессивной социально ориентированной государственной политики.

Одна из основных целей Программы “Возрождение новой эпохи суверенного государства: Национальной программы социально-экономического развития Туркменистана на 2022–2052 годы” является повышение уровня индустриализации национальной экономики, углубление институциональных реформ, внедрение цифровой экономики и цифровых технологий, активное развитие рыночной экономики, малого и среднего предпринимательства.

Nowruz Jumykow
(Türkmenistan)

DÖWLET-HUSUSY HYZMATDAŞLYGYŇ ÖSÜŞI

Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary netijesinde, ýurdumyzda kiçi we orta telekeçiligi ösdürmäge yzygiderli üns berilýär. "Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda", geljek ýyllarda döwlet-hususy hyzmatdaşlygyň ösüşini işjeňleşdirmegiň hasabyna ýurdumyzyň durnukly ykdysady ösüşini üpjün etmek, döwlet dolandyryş ulgamyny kämilleşdirmek, ilatyň hal-ýagdaýyny mundan beýläk-de ýokarlandyrmak göz öňünde tutulýar.

Milli maksatnamada uzakmöhletli geljekde döwlet-hususy hyzmatdaşlygynyň esasy ugurlary hökmünde ýurdumyzyň senagat, oba hojalyk, söwda, ulag pudaklarynda we hyzmatlar ulgamynda amala aşyrylýan iri möçberli taslamalara hususy bölegi işjeň çekmek, jemagat hojalygy pudagynda döwlet-hususy hyzmatdaşlygy ösdürmek, hususy eýeçiligi ýeňillikli karzlaşdyrmak işini alyp barmak, karzlaşdyrmagyň döwrebap usullaryny girizmek, eksporta gönükdirilen we importy çalyşýan önümçilikleri höweslendirmek hem-de olaryň gerimini giňeltmek, ýurdumyzyň aýry-aýry sebitlerinde erkin ykdysady zolaklary döretmek kesgitlenildi.

Döwlet-hususy hyzmatdaşlygy ykdysadyýeti ösdürmek üçin maýagoýumlary çekmekde esasy gural bolup durýar. "Döwlet-hususy hyzmatdaşlygy hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna (05.06.2021 ý.) laýyklykda, döwlet-hususy hyzmatdaşlygy bu döwlet we hususy hyzmatdaşlaryň döwlet-hususy hyzmatdaşlyk taslamasynyň taýýarlanylmagy hem-de durmuşa geçirilmegi üçin özleriniň serişdelerini birleşdirmäge esaslanýan anyk möhlete hukuk taýdan resmileşdirilen özara bähbitli hyzmatdaşlygydyr.

Kanunyň maksatlary döwlet-hususy hyzmatdaşlygy çygryndaky gatnaşyklary düzgünleşdirmek, şeýle hem maddy, maliýe, intellektual, ylmy-tehniki we gaýry serişdeleriň jemlenmegi üçin hukuk şertlerini döretmek, bähbitleriň hem-de töwekgelçilikleriň deňagramlylygyny üpjün etmek, infrastrukturanyň obýektleriniň ösdürilmegi boýunça taslamalary, meýilnamalary we maksatnamalary durmuşa geçirmek üçin býujetden daşary çeşmelerden serişdeleri çekmek bolup durýar.

Häzirki wagtda döwlet-hususy hyzmatdaşlygy ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda netijeli we giň gerimde amala aşyrylýar. Pudaklarda köpsanly bilelikdäki kärhanalar we paýdarlar jemgyýetleri döredilýär, döwlet-hususy hyzmatdaşlyk ösdürilýär. Uzakmöhletleýin döwürde döwletiň häzirki wagtda agalyk edýän nebit-gaz, himiýa, ulag we aragatnaşyk, energetika hem-de gurluşyk, ýaşaýyş jaý-jemagat pudaklaryna döwlet-hususy hyzmatdaşlygynyň mehanizmleriniň üsti bilen hususy we daşary ýurt maýagoýumlary çekilýär.

Maýagoýumlary çekmek üçin amatly şertleriň döredilmegi döwlet-hususy hyzmatdaşlyk guralynyň ulanylmagyny, aýratyn hukuk derejeli, hususan-da, erkin ykdysady zolak derejeli çägiň döredilmegini göz öňünde tutýar. "Erkin ykdysady zolaklar hakynda" Türkmenistanyň Kanuny (9.10.2017 ý.) Türkmenistanyň çäginde erkin ykdysady zolaklary döretmegiň guramaçylyk, hukuk, ykdysady esaslaryny kesgitleýär hem-de eksport ugurly we ýokary tehnologiýalara esaslanan, daşary ýurt harytlarynyň ornuny tutýan önümçilikleri guramak hem-de ösdürmek maksady bilen telekeçilik we maýagoýum işinde ýörite hukuk kadalaryny ulanmagyň tertibini hem-de şertlerini düzgünleşdirýär. Erkin ykdysady zolaklarda gümrük, salgyt, walýuta kadalaşdyrmasyna degişli bolan ýeňillikli hukuk düzgüni aýry-aýry sebitleriň we çäkleriň täze düzüminiň ösüşiniň, bazar ykdysadyýetiniň, "bir penjire" ýörelgesi boýunça bir bitewi hyzmatlar ulgamyny ornaşdyrmagyň hem-de täze iş orunlaryny döretmegiň esasynda hojalygy dolandyrmagyň täze usullaryny ilerletmegiň şertleri bolup durýar.

Döwlet-hususy hyzmatdaşlygyň dürli görnüşleri bolup, olar işleri ýerine ýetirmek we jemgyýetçilik hyzmatlaryny bermek, döwletiň hajaty üçin önümleri getirmek, dolandyrmak ýaly şertnamalaýyn gatnaşyklardyr. Döwlet-hususy hyzmatdaşlygy şertnamalaryna: konsessiýa, döwlet emlägini ynançly dolandyrmak, kärende, lizing we beýleki döwlet-hususy hyzmatdaşlygyň alamatlary bolan şertnamalar degişlidir.

Döwlet-hususy hyzmatdaşlygy durmuşa ornaşdyrmak, häzirki wagtda möhüm wezipeleriň biridir. Döwlet emlägini ynançly dolandyrmak bu işiň esasy maliýe gurallarynyň biri hökmünde kesgitlenilýär, ýagny döwlet emläginiň başarnykly ulanylmagy, döwlete pul tygşytlamaga, ilatly ýerlerde häzirki zaman infrastrukturasynyň döremegine, ilatyň iş üpjünçiligini ýokarlandyrmaga, telekeçiligi ösdürmäge hem-de şol bir wagtyň özünde harytlaryň we hyzmatlaryň hilini ýokarlandyrmaga mümkinçilik berer.

Novruz Jumykov
(Turkmenistan)

DEVELOPMENT OF PUBLIC-PRIVATE PARTNERSHIP

Public-private partnership is an important tool for attracting investment in the implementation of government programs and infrastructure projects. Creating favorable conditions for attracting investment implies the use of the mechanism of public-private partnership, the creation of territories with a special legal status, in particular, territories with the status of a free economic zone.

The objectives of legislation in this area are the regulation of public-private partnership relations, as well as the creation of legal conditions for the concentration

of material, financial, intellectual, scientific, technical and other resources, ensuring a balance of interests and risks, attracting funds from extra-budgetary sources for the implementation of projects, plans and programs for the development of infrastructure facilities.

Новруз Джумыков
(Туркменистан)

РАЗВИТИЕ ГОСУДАРСТВЕННО-ЧАСТНОГО ПАРТНЁРСТВА

Государственно-частное партнерство является важным инструментом привлечение инвестиций в реализации государственных программ и инфраструктурных проектов. Создание благоприятных условий для привлечения инвестиций подразумевает использование механизма государственно-частного партнёрства, создание территорий с особым правовым статусом, в частности, территории со статусом свободной экономической зоны.

Целями законодательства в данной сфере являются регулирование отношений государственно-частного партнёрства, а также создание правовых условий для концентрации материальных, финансовых, интеллектуальных, научно-технических и иных ресурсов, обеспечение баланса интересов и рисков, привлечение средств внебюджетных источников для реализации проектов, планов и программ по развитию объектов инфраструктуры.

Şirmyrat Garaýew
(Türkmenistan)

HOSSARLYGYŇ WE HOWANDARLYGYŇ ALAMATLARYNYŇ HUKUK SELJERMESI

Türkmenistanyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow, Türkmenistanyň Prezidenti, hormatly Arkadagly Serdarymyz öz syýasy taglymatlarynyň esaslaryny beýan edýän çykyşlarynda ynsanperwelik, rehimdarlyk, hemaýata mätäç adamlary goldamak ýörelgelerine we adamy goramagy talap edýän beýleki ýörelgelere eýermegi, tutuş jemgyýeti şol ýörelgeleriň binýadynda gurmagy hem-de gurşap almagy, döwlet syýasatyny alyp barmagy, hukuk döredijiligini durmuşa geçirmegi öňe sürýärler.

Raýat hukugynyň hossarlyk we howandarlyk çygry hem şu maksadyň hem-de wezipäniň aýrytyn bir gurşawydyr.

Hossarlyk we howandarlyk çygryndaky raýat hukugynyň alamatlary hukugyň obýektinden, subýektlerinden hem-de hukugyň subýektiw tarapyndan ybaratdyr.

Hossarlyk-howandarlyk çygrynda raýat hukugynyň obýekti gös-göni fiziki şahsyň hukuklary, emläkleýin we emläkleýin däl bähbitleri bolup, bu çygyrda hukugyň maksady hem-de wezipesi bu obýektleri kesekileriň hyýanatçylygyndan, zyýan ýetirilmeginden, olara garşy hukuk we kanun bozulmalaryndan goramakdyr. Şoňa görä-de hukuk gatnaşygynda hossarlykda we howandarlykda bolýanyň borçlary ýüze çykmaýar ýa-da ol örän az ähmiýetlidir hem-de howandarlygyň bellenilmeginiň sebäplerine (meselem, adamyň spirtli içgileri kast bilen içmegi zerarly maşgalany agyr ýagdaýa salmagy) bagly bolan tertibi berjaý etmek häsiýetindedir.

Bu çygyrdaky raýat hukugynyň subýektleri çagalar, kämillik ýaşyna ýetmedikler, howandarlyga mätäç kemala gelen adamlar, hossarlyk we howandarlyk edaralary, hossarlar hem-de howandarlar, patronaž – penakär hossarlar-howandarlar bolup durýar. Ýüzugra belläp geçsek, TRK-nyň 35-nji maddasynyň dördünji bölegine laýyklykda, hossarlyga ýa-da howandarlyga mätäç bolan hem-de degişli terbiýeçilik, kesel bejeriş edaralarynda, ilaty durmuş taýdan goraýyş edaralarynda ýa-da şulara meňzeş beýleki edaralarda ýören ýa-da olara ýerleşdirilen fiziki şahslar üçin bu edaralar olaryň hossarlarydyr we howandarlarydyr. Kadanyň garaýşyna eýersek, hossar-howandarlygyň şu hukuk-guramaçylyk görnüşini penakärlik diýip hasap etmek, penakärligiň kemala gelmedikler, kämillik ukyby ýok adamlar babatda-da ulanylýandygyny ykrar etmek mümkin.

Raýat hukugynyň subýektiw tarapy hukugyň obýekti bilen subýektiniň özara arabaglanyşygyny, kanunalaýyklygyny aňladýan alamatlaryň jemi bolup durýar. Ol alamatlar fiziki şahsyň kämillik ukybynyň häsiýetinden (kämillik ukybynyň ýoklugy ýa-da çäklidigi ýa-da çäklendirilendigi), fiziki şahsyň saglygynyň häsiýetinden (maýyplygy, zähmete ukypsyzlygy) we derejesinden (maýyplyk toparyna baglylykda öz-özüne hyzmat etmeginiň çäkliligi, keseki kömegine mätäçligi, keseki kömegi bolmazdan hereket etmeginiň mümkin däldigi, ýörite gözegçilik edilmegine mätäçligi), öz hukugyny özbaşdak goramak ukybynyň derejesinden (garrylygy, ýalňyz ýaşaýandygy, ruhy kesellidigi, maýypdygy, kör, ker we lal adamdygy, ýedi ýaşyna ýetmedik çagadygy, saglyk ýagdaýy – kesellidigi sebäpli ata-enelik borçlaryny ýerine ýetirmäge mümkinçiliginiň ýoklugy we ş.m.) ybaratdyr. Hossarlyk hem-de howandarlyk edilýän subýektleriň hukuklary, emläk bähbitleri, hossarlaryň we howandarlaryň hukuklary we borçlary, hossarlyk hem-de howandarlyk edaralarynyň ygtyýarlyklary, hukugyň maksatlaryny we wezipelerini durmuşa geçirmäge gönükdirilen talaplar hem-de şertler şu alamatlara laýyklykda bellenilýär.

Öňde beýan edilen alamatlaryň çarçuwasynda çemeleşsek, anyk bir sebäbiň netijesinde hossar-howandarlyga mätäçligiň döremegi – bu sebäp bilen netijäniň arasyndaky arabaglanyşyk bolup durýar we ol dörän netijäniň kanunalaýyklygyny görkezýär. Bu kanunalaýyklygy açyk görkezmek ýene şu arabaglanyşygyň özünden gelip çykýar. TRK-nyň 23-nji maddasynyň üçünji böleginde görkezilişi ýaly, ýedi ýaşdan bärdäki kemala gelmedigiň kämillik ukybynyň (özüniň we beýlekileriň aň-düşünjesine akyl ýetirmäge bolan ukybynyň) ýoklugy oňa hossarlygyň bellenilmeginiň sebäbi däldir. Kämillik ukyby ýok kiçi ýaşly çaganyň hossarlyga mätäçliginiň sebäbi onuň ýetimligi, ata-enesiniň howandarlygyndan galmagy, ata-enesiniň ata-enelik borçlaryny ýerine ýetirmäge mümkinçiliginiň ýoklugy, ekleýjisiniň hem-de gözegçilik edýän adamsynyň ýoklugy bolup durýar we bu sebäpleriň netijesi bolsa şeýle ýagdaýdaky çagada hem-de onuň ýaşaýyş durmuşynda onuň hukuklaryny we iň gowy bähbitlerini durmuşa geçirmäge hem-de goramaga bolan mätäçligiň döremegidir. Ruhy kesellidigi üçin kämillik ukybynyň ýoklugy gös-göni hossarlyga mätäçligiň sebäbi bolup biler. Hut şu sebäbiň özi hossarlyga mätäçligiň ikinji bir sebäbini – şahsy ýörite gözegçilige almak zerurlygyny döredýär.

TRK-nyň 88-nji, 89-njy, 90-njy, 91-nji, 124-nji, 125-nji, 126-nji, 127-nji maddalarynda umumy düzgünleri belleýän kadalar kemala gelmedik şahsyň gatnaşýan raýat, telekeçilik, zähmet gatnaşyklaryny hossarlyk we howandarlyk çygrynda hem-de ondan daşarda düzgünleşdirilýär. TRK-nyň 90-njy maddasynyň 3-nji böleginde kärhana ýolbaşçylyk etmek rugsatnamasynyň kanuny wekiliň hossarlyk we howandarlyk edaralary bilen ylalaşylan razyçylygyny talap edýändigi görkezilýär. Munuň özi kemala gelmedigiň telekeçilik işiniň kanunylygynyň we hukuk hereketleriniň hakykylygynyň şerti bolup durýar.

Şeýlelikde, hossarlyk we howandarlyk çygrynda raýat hukugynyň alamatlary özara arabaglanyşykly bolýarlar, hukuk-guramaçylyk gatnaşyklaryny döredýärler, hukugyň maksadynyň hem-de wezipesiniň ynsanperwerlige, rehimdarlyga, kemsitmezlige, ejizi goldamaga we goramaga eýermegini, hukuk düzgünleşdirmesinden kanunylygy talap edýärler.

Shirmyrat Garayev
(Turkmenistan)

LEGAL ANALYSIS OF ELEMENTS OF GUARDIANSHIP AND GUARDING

The subjective side of civil law is characterized by a set of signs that are expressed in the natural relationship of the object and the subject of this branch of law. The characteristics of the decision are made in the nature of the capacity of

the capacity (incapacity, limited capacity or restriction of capacity), health status (disability, disability) and the degree of physical opportunities (limited in self-service, depending on the disability group, the need for foreign agent, the impossibility of movement without any aid, the need for special) – a person's own impact, the ability to independently protect his rights (the statelessness, loneliness, the presence of mental disease, disability, blindness, deafness or undefits, unitaineering by the child seven-age, the impossibility of the performance of parental duties in force by the heavy disease) by this person.

Ширмырат Гараев
(Туркменистан)

ПРАВОВОЙ АНАЛИЗ ПРИЗНАКОВ ОПЕКУНСТВА И ПОПЕЧИТЕЛЬСТВА

Субъективная сторона гражданского права характеризуется совокупностью признаков, выражающихся в закономерной взаимосвязи объекта и субъекта данной отрасли права. Рассматриваемые признаки заключаются в характере дееспособности (недееспособность, ограниченная дееспособность или ограничение дееспособности), состоянии здоровья (инвалидность, нетрудоспособность) и степени физических возможностей (ограниченность в самообслуживании в зависимости от группы инвалидности, необходимость в постороннем уходе, невозможность передвижения без посторонней помощи, необходимость в специальном присмотре) физического лица, способности самостоятельной защиты своих прав (престарелость, одиночество, наличие психического заболевания, инвалидности, слепоты, глухоты или немоты, недостижение ребёнком семилетнего возраста, невозможность исполнения родительских обязанностей в силу тяжёлого заболевания) этим лицом.

Möwlamguly Hezretow, Döwran Aýdogdyýew
(Türkmenistan)

ÝOKARY BILIM ULGAMYNDA HUKUK BILIMI WE HUKUK TERBIÝESI

Häzirki zaman raýat jemgyýetiniň emele gelmeginde şahsyýetiň hukuk biliminiň we hukuk terbiýesiniň ähmiýeti örän uludyr. Gadymy döwürlerde hem hukuk taýdan bilimli bolmak ösen medeniýetliligiň (siwilizleşenligiň) alamaty bolupdyr.

Mysal üçin, Gadymy Rimde biziň şu günlerimizde hem ähmiýetini ýitirmeýän, hukugyň umumy ýörelgeleriniň hataryna girýän: “Kanuny bilmezlik özüňi aklamak däldir” diýen esasy ýörelge döräpdir. Türkmenistanyň Esasy Kanuny bolan Konstitusiýamyzda “Türkmenistan demokratik, hukuk we dünýewi döwlet (1-nji madda)” diýlip beýan edilen. Eger-de biz mundan beýläk hem demokratik, hukuk döwletinde ýaşamak isleýän bolsak, onda şeýle döwlet, jemgyýet we şahsyýet üçin şol döwletdäki hukuk terbiýesi hem-de hukuk bilimi zerurlykdyr.

Şahsyýetiň hukuk medeniýeti durmuş we hukuk kadalarynyň gündelik işlerimizdäki hakykata, normatiw talaplaryň endige öwrülişiniň çaltlygy şahsyýetiň hukuk terbiýesiniň we hukuk biliminiň derejesine baglydyr. Hukuk terbiýesi we hukuk bilimi ulgamy diňe bir raýat jemgyýetinde hem-de hukuk döwletinde ýaşamagy başarmak bilen çäklenmän, eýsem, adamlary şeýle jemgyýeti döretmäge hem taýýarlamalydyr.

Hukuk jemgyýetiniň emele gelmegi raýatyň hukuk terbiýesinden başlanýar, çünki hukuk terbiýesi hukuk medeniýetini hem-de jemgyýetde kanunyň talaplaryny birkemsiz ýerine ýetirýän adamlary emele getirmegiň wajyp şertleriniň biridir.

Hukuk terbiýesi diýlip şahsyýetiň ösmegi, işjeň jemgyýetçilik durmuşa taýýarlygy üçin zerur bolan şertleri üpjün edýän hem-de degişli hukuk kadalaryny, düşünjeleri, ýörelgeleri, gymmatly däp-dessurlary nazarlamagy emele getirmek maksady bilen, ynsanyň aňyna we özüni alyp barşyna meýilnamalaýyn hem-de maksadaokgunly täsir etmäge düşünilýär. Hukuk terbiýesi, şol bir wagtyň özünde hukuk bozulmalarynyň öňüni almagyň oňaýsyz ýagdaýlary, hukuk nigilizminiň (hemmeleriň uýýan ýörelgesini, däp-dessurlaryny inkär etmegiň) getiren netijelerini ýeňip geçmegiň netijeli usuly hasaplanýar. Hukuk terbiýesiniň wajyp görkezijileriniň biri hem jogapkärçilikdir.

Ýaşlaryň hukuk terbiýesinde hukuk bilimi uly ähmiýete eýedir, çünki hukuk bilimi emele gelen hukuk medeniýetiniň aýrylmaz bir bölegidir. Öz gezeginde, hukuk bilimi diýlip maksadaokgunly we dolandyrylýan prosese düşünilýär. Ol bilim alýanlary hukuk bilimi bilen tanyşdyrmagy, şol bilimleri adamyň şahsy ynanjyna öwürmegi hem-de şolaryň esasynda özüniň şahsy hereketlerine, umuman, tutuş özüni alyp barşyna jogapkärçilikli çemeleşmek garaýşyny emele getirmegi göz öňünde tutýar.

Hukuk bilimini bermek boýunça geçirilýän işleriň amaly ähmiýeti diňe bir hukuk taýdan bilimli bolmakdan däl-de, şol bilimi durmuşda ýerlikli ulanmagy başarmakdan ybaratdyr.

Bilim almak işinde bilim alýanlar hökman hukuklary we azatlygy goramagyň kanuny hem-de ynsanperwer usullaryny öwrenmelidirler, ýörite başarnyklary we endikleri özleşdirmelidirler. Olaryň kanunylyk we hukuk tertibine tarap ugur almaklary, özleriniň hereketlerini, özlerini alyp baryşlaryny kanunyň çäklerinde sazlamagy, bular boýunça göz öňünde tutulan hukuk bozulmalaryny hem-de onuň üçin jogapkärçiligi bilmekleri örän wajypdyr.

Ýokary bilim ulgamyndaky hukuk terbiýesi we hukuk bilimi Türkmenistanyň raýatynyň şahsy durmuşda öz ornuny tapmagynda esas goýujy ähmiýete eýedi. Şonsuz olaryň mundan beýläk hünär işlerini dowam etdirip bilmekleri mümkin däldir. Kanun çykaryjy hem-de hukuk goraýjy ulgamlardaky, şonuň ýaly hem ýaşlara hukuk bilimlerini we Türkmenistanyň raýatlaryna hukuk kömegini beriş ulgamlaryndaky işleriň ýagdaýy alynan hünär biliminiň we başarnygynyň hiline baglydyr. Eger ýaş nesliň hukuk terbiýesiniň we hukuk biliminiň derejesi ýeterlik derejede bolmasa, onda ýaş hünärmenleriň hünär taýdan barsyzlygynyň çuňlaşmagyny hem-de ösmegini emele getirjekdigi ikiuçsuzdyr, hukuk meýdanyndaky gapma-garşylyklar bolsa öz çözgüdini tapmakdan geçip, tersine, has-da öser we ýitileşer.

Movlamguly Hezretov, Dovran Aydogdyev
(Turkmenistan)

LEGAL UPBRINGING AND LEGAL EDUCATION IN THE SYSTEM OF THE HIGHER EDUCATION

The role of the legal upbringing and legal education in the system of the higher education is highlighted in the article. The attention is paid to the legal culture of the personality, the formation of the legal upbringing and education in the Frontier institute of Turkmenistan.

Мовлямгулы Хезретов, Довран Айдогдыев
(Туркменистан)

ПРАВОВОЕ ВОСПИТАНИЕ И ПРАВОВОЕ ОБРАЗОВАНИЕ В СИСТЕМЕ ВЫСШЕГО ОБРАЗОВАНИЯ

В данной статье изложена роль правового воспитания и правового образования в системе высшего образования. Внимание уделено правовой культуре личности, формированию правового воспитания и образования в Пограничном институте Туркменистана.

Töfe Hoşanowa
(Türkmenistan)

HALKARA HUKUKDA BITARAPLYK INSTITUTY: ÖSÜŞ AÝRATYNLYKLARY

Halkara hukukda bitaraplyk institutynyň ençeme asyrlyk taryhy bar we häzirki zaman şertlerinde onuň derwaýyslygy barha artýar. Bitaraplyk instituty we onuň ýörelgeleri halkara hukukda iň gadymy döwürden bäri mälimdir. Halkara hukugyň instituty bolmak bilen ol daşary syýasatda strategik maksatlara ýetmek boýunça wezipeleri amala aşyrmakda hem-de gysga möhletleýin taktiki meseleleri çözmekte hem ulanylypdyr.

Bitaraplyk institutynyň emele gelmegi we ösmegi birnäçe tapgyrlary öz içine alýar. Her bir tapgyryň dowamynda bitaraplyk institutyny kabul etmegiň tertibini goramagyň, üpjün etmegiň usullary işlenilip düzülýär we onuň halkara-hukuk esaslary berkidilýär.

Rus hukukçysy O.I.Tiunow gadymy döwürlerde bitaraplyk institutynyň durnukly häsiýete eýe däldigi bilen bagly garaýyşlary öňe sürüp, "gadymy döwürlerde jedelleşýän taraplar bitarap çägi eldegrilmesizligini hormatlamaga borçly däldi" diýip belleýär. Bitaraplaşdyrylmaga, ozaly bilen, ybadathanalar we beýleki dini guramalar degişli edilipdir. Umumygrek baýramlary ýa-da Olimpiýa oýunlary wagtynda mukaddes ýaraşyk yglan edilipdir. Şonda ähli isleg bildirýänler bitarap çäklere gelip bilipdirler we dini baýramçylyklara ýa-da sport çärelerine gatnaşmaga mümkinçilik alypdyrlar. Orta asyrlarda bitaraplyk hukuk ýagdaýy bilen bagly düzgünleriň emele gelmegine ispan deňiz düzgünleriniň we adatlarynyň ýygyndysy bolan "Consolato del Mare" aýratyn täsirini ýetirýär, şeýle hem orta asyrlarda bitarap döwletiň halkara-hukuk ýagdaýyny ylalaşyklar arkaly kesgitlemek, borçlary we hukuklary anyk beýan etmek tejribesi giňden ornaşýar. Bitaraplygyň ösüşiniň bu tapgyrynda harby bileleşiklere we şertnama esasyndaky birleşiklere gatnaşmazlyk, öz territoriýaňy jedelleşýän taraplara peýdalanmaga bermezlik ýaly bitaraplygyň esasy düzgünleri dolulygyna emele gelýär.

Bitaraplyk – bitarap döwletiň öz milli bähbitlerine laýyklykda halkara giňişliginde alyp barýan daşary-syýasy strategiýasyny aňladýar we onuň düýp mazmuny uruş hereketlerine gatnaşmazlyk, harby birleşiklerine goşulmazlyk, öz çäklerinde daşary ýurt harby bazalaryny ýerleşdirmezlik ýaly ýörelgeleri iş ýüzünde amala aşyrmak bilen baglydyr. 1907-nji ýylda kabul edilen V we XIII Gaaga konwensiýalary adat häsiýetine eýe bolan ýörelgeleri tassyklamak bilen, däp bolan bitaraplyk düşünjesini emele getirdi.

Hemişelik bitaraplygy milli hukugynyň namalary bilen yglan edilen we BMG-niň Baş Assambleýasynyň iki sany kararnamalary bilen ykrar

edilen Türkmenistanyň bu hukuk ýagdaýy halkara hukukçylaryň ünsüni çekýär. Türkmenistanyň hemişelik bitaraplyk hukuk ýagdaýy Türkmenistanyň Konstitusiýasy, "Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy hakynda" Türkmenistanyň Konstitusion kanuny we "Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy" Kararnamasy bilen yglan edildi. Türkmenistanyň hemişelik bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň kararnamalary bilen ykrar edilmegi halkara hukugynda bitaraplyk institutynyň kämilleşdirilmeginde aýratyn ähmiýete eýedir.

Bitaraplyk we bitarap döwletleriň işjeňligi halkara howpsuzlygy we parahatçylygy gorap saklamakda adalatly hem-de täsirli mehanizmi döretmäge mümkinçilik berýär. Bu babatda Türkmenistanyň hemişelik bitaraplyk hukuk ýagdaýy halkara hukugynda we halkara gatnaşyklarda täsin hadysa bolmak bilen, ol bütindünýä ösüşiniň aýratyn nusgasydyr.

Tofe Hoshanova
(Turkmenistan)

INSTITUTE OF NEUTRALITY IN INTERNATIONAL LAW: DEVELOPMENT FEATURES

The neutrality is one of the common forms of foreign policy strategy of a number of states. The thesis briefly presents the process of evolution of the neutrality in international law and discusses issues related to the content of the concept of "neutrality". The work reveals the main stages of the formation and development of the policy of neutrality. The model of Turkmen neutrality deserves special attention. Turkmenistan declared the status of permanent neutrality by national regulations, which was recognized by the world community by the adoption of two resolutions of the UN General Assembly. The analysis provides possible ways to acquire the status of permanent neutrality using the example of Turkmenistan.

Тофе Хошанова
(Туркменистан)

ИНСТИТУТ НЕЙТРАЛИТЕТА В МЕЖДУНАРОДНОМ ПРАВЕ: ОСОБЕННОСТИ РАЗВИТИЯ

Институт нейтралитета является одной из распространенных форм внешнеполитической стратегии ряда государств. В тезисе кратко представлен процесс эволюции института нейтралитета в международном праве и рассматриваются вопросы, связанные с содержанием понятия "нейтралитет". В работе раскрываются основные этапы становления и развития политики

нейтралитета. Отдельное внимание заслуживает модель туркменского нейтралитета. Туркменистан, провозгласил статус постоянного нейтралитета национальными нормативно-правовыми актами, который был признан мировым сообществом принятием двух резолюций Генеральной Ассамблеи ООН. В исследовании приводятся возможные способы приобретения статуса постоянного нейтралитета на примере Туркменистана.

Güljan Izmaýlowa
(Türkmenistan)

TÜRKMENISTANYŇ JENAÝAT KANUNÇYLYGYNYŇ YNSANPERWERLEŞDIRMEGI

Türkmen halkynyň durmuşynda Milli Liderimiz Gahryman Arkadagymyz tarapyndan ýurdumyzyň döwlet we jemgyýetçilik durmuşynda beýik işleriň amala aşyrylmagyny mundan hem beýläk kämilleşdirmegiň aýdyň ýoluny şöhratlandyrdy. Elbetde, bu asyrlara barabar işleri häzirki wagtda hormatly Prezidentimiz Arkadagly Serdarymyz üstünlikli dowam etdirýär. Bu döwür, hakykatdan hem demokratik we hukuk döwletini gurmagyň ýörelgeleriniň, ynsanperwerlik hem-de adalatlylyk taglymlarynyň iş ýüzünde işjeň durmuşa ornaşdyrylmagynyň döwri hökmünde taryhyň sahypalaryna altyn harplar bilen ýazylar. Türkmen halkynyň baý taryhy mirasyna, onuň syýasy we hukuk medeniýetine esaslanan hem-de şol bir wagtda kanunçylygyň öňdebaryjy pikirlerini we meýillerini nazara alýan ýurdumyzda kanunçylyk ulgamy kemala getirildi hem-de ösdürildi. Türkmenler gadym zamanlardan bäri kanuna berk hormat goýandygyny, kanunyň öňünde hemmeleriň deňdigini halkymyzyň taryhy mirasynyň iň gadymy çeşmelerine salgylanyp nygtaýar.

Häzirki wagtda durnuklylygyň, jemgyýetdäki raýat agzybirliginiň we ylalaşygynyň, hukuk tertibiniň hem-de kanunylygyň ýokary derejesiniň üpjün edilmeginiň döwletimizde syýasy ugruň esasy netijeleri bolup durýandygyny biz buýsanç hem-de uly ynam bilen aýdyp bileris. Bu bolsa ýurdumyzda ynsanperwer jenaýat-hukuk syýasatyny netijeli durmuşa geçirmäge özüniň giň şertlerini döredýär. Munuň şeýledigine "Türkmenistanyň jenaýat-hukuk syýasatyny ynsanperwerleşdirmek baradaky çäreler hakynda" Permana laýyklykda soňky ýyllarda kabul edilýän adam hukuklaryny hem-de azatlyklaryny doly derejede üpjün etmäge gönükdirilen kadalaşdyryjy hukuknamalar bu ugurda deňsiz-taýsyz çäreleriň alnyp barylýandygyna şaýatlyk edýär.

Türkmen döwleti ynsanperwerligi, demokratiýany, adam azatlyklarynyň we hukuklarynyň goralyşyny amala asyrmaga millilik bilen çemeleşýär. Türkmen döwletiniň häzirki zaman nusgasy biziň ata-babalarymyzyň beýik pelsepe we ynsanperwerlik taglymatyna, türkmen halkyna ozaldan mahsus bolan adamkärçiligiň

hem-de adalatlylygyň özboluşly milli sypatlaryna esaslanýar. Türkmenistanda adyl-adalatly, ynsanperwer jenaýat-hukuk syýasatyny durmusa geçirýän hormatly Prezidentimiziň dasyna berk jebisleşen agzybir, asly halal türkmen halkymyzyň birleşen tagallasy, belent maksady netijesinde hasyl bolýan döwletli tutumlar, beýik işler ýurdumyzyň at-abraýyny, mertebesini belende göterýär.

Döwletiň we jemgyýetiň baş gymmatlygy bolan adam hakyndaky alada ýurtda öňe sürülýän syýasatyň, gündelik kabul edilýän resminamalaryň, kanunlaryň düýp mazmunyny düzýär. Adalat jemgyýetimizde raýatlaryň kanuny hak-hukuklarynyň goralmagyna, her bir adamyň kanunda görkezilen kepilliklerden peýdalanyp bilmegine oňyn şertleriň döredilmegi, ýurtda demokratik özgertmeleriň, dünýä döwletleriniň parahatçylygyna, asudalygyna, durnuklylyga we howpsuzlyga gönükdirilen syýasatlaryň ýöredilmegi, halkara standartlara doly laýyk gelýän Jenaýat kodeksiniň rejelenen görnüşiniň kabul edilmegi we 2023-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan onuň herekete girizilmegi**,** Bitarap türkmen döwletimiziň halkara derejedäki abraýyny has-da beýgeltdi.

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda, döwletimiziň ynsanperwerlik syýasatynyň durmuşa geçirilmegini gazanmakda, hereket edýän jenaýat kanunçylygymyzyň düýpli öwrenilmegi hem-de onuň durmuşa geçirilmegi örän möhüm işdir. Jenaýat kodeksiniň rejelenen görnüşiniň kabul edilmegi döwletimiziň hukuk ulgamy üçin örän ähmiýetlidir. Ýagny jenaýat kanunçylygy hormatly Prezidentimiziň alyp barýan ynsanperwerlik syýasatyny goldamakda, adalat jemgyýetini gurmakda, ony durmuşa geçirmekde, berkitmekde, şeýle hem adamlaryň konstitusion hukuklaryny we azatlyklaryny kepillendirmekde hem-de olary jenaýatçylykly hyýanatçylyklardan goramakda esasy orny eýeleýär.

Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň netijesinde ata-babalarymyzyň asyrlaryň dowamynda ýaşap gelen ynsanperwerlik taglymatlarynyň häzirki zaman türkmen jemgyýetine ornaşmagyna ýardam edýär. Adama mähremlik we ynsanperwerlik hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň köptaraply döwlet işinde äşgär ýüze çykýar. Biziň Prezidentimiziň durmuşa geçirýän netijeli döwlet hukuk-syýasaty adalatlylygyň we ynsanperwerligiň aýdyň nusgasy bolup durýar.

Guljan Izmaylova
(Turkmenistan)

HUMANISM IN CRIMINAL LAW OF TURKMENISTAN

In the new amendments of Criminal Code of Turkmenistan we can obviously see that historical traditions of our nation based on humanism and humane principles have been developed, also new ways of the correction and re-education work for those who committed crimes have been effectively implemented.

This fully confirms that Turkmenistan in its home policy respects and implements internationally recognized norms of International Law and the main United Nations Conventions.

Гульджан Измайлова
(Туркменистан)

ГУМАННОСТЬ УГОЛОВНОГО ПРАВА ТУРКМЕНИСТАНА

Действительно, в новой проектной форме Уголовного кодекса Туркменистана мы ясно видим, как развиваются исторические традиции нашего народа, основанные на благородстве и гуманистических началах, а также в полной мере внедряются новые формы работы по исправлению и перевоспитанию людей, совершивших преступление, и приемлемые для использования методы работы в области гуманитарного права. Это наглядно свидетельствует о том, что Туркменистан в своей внутренней политике придерживается общепризнанных норм международного права и основных принципов Организации Объединенных Наций и претворяет их в жизнь.

Döwran Karajaýew
(Türkmenistan)

JEMGYÝETDE HUKUK TERTIBINI ÜPJÜN ETMEGIŇ DÖWREBAP USULLARY

Halkymyzyň asuda we parahat durmuşda ýaşamagyny gazanmak hem-de hukuk tertibini üpjün etmek döwlet syýasatynyň ileri tutýan ugurlarynyň biridir. Döwletimizde adam hukuklarynyň we azatlyklarynyň ygtybarly goraglylygynyň üpjün edilmegi babatynda alnyp barylýan işler halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalary we milli ýörelgelerimiz esasynda yzygiderli kämilleşdirilýär. Bu babatynda türkmen halkynyň Milli Lideri Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz: “Hukuk goraýyş işiniň esasy maksady kanunlaryň, adalat ýörelgeleriniň gyşarnyksyz berjaý edilmegini üpjün etmekden, hukuk bozulmalarynyň öňüni almakdan ybaratdyr. Elbetde, bu işe jemgyýetçilik guramalary, jemgyýetimiziň ähli güýçleri işjeň gatnaşsa, kanunylygy we hukuk tertibini berjaý etmek has doly üpjün ediler. Olar özleriniň alyp barýan ideýa-terbiýeçilik işleriniň hukuk tarapyna ünsi güýçlendirseler, jemgyýetçilik aňyny ösdürmek arkaly hukuk terbiýesini täze derejä çykarsalar, maksadalaýyk bolar diýip pikir edýärin” diýip belleýär. Munuň özi demokratik, hukuk we dünýewi döwletimizde milli kanunçylygymyzy kämilleşdirmegiň, kanunylygyň hem-

de hukuk tertibiniň üpjün edilmegine uly ähmiýet berilýändiginiň aýdyň subutnamasydyr.

Esasy Kanunymyzda beýan edilişi ýaly, Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary gymmatlygy adamdyr. Adamy goramak, goldamak we oňa hyzmat etmek döwlet häkimiýet edaralarynyň baş wezipeleridir. Döwlet her bir raýatynyň öňünde jogapkärdir we şahsyýetiň erkin ösmegi üçin şertleriň döredilmegini üpjün edýär, raýatyň janyny, at-abraýyny, mertebesini, azatlygyny, şahsy eldegrilmesizligini, tebigy we aýrybaşgalanmaz hukuklaryny goraýar. Şu beýan edilenlerden ugur alnanda adamyň we raýatyň hukuklaryny, azatlyklaryny we kanuny bähbitlerini goramak, jemgyýetde hukuk tertibini üpjün etmek döwlet häkimiýet edaralarynyň esasy wezipeleriniň hatarynda durýar. Bu wezipeleriň üstünlikli amala aşyrylmagy babatynda döwletimiz tarapyndan toplumlaýyn işler alnyp barylýar.

Hukuk edebiýatlarynda "hukuk tertibine" jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan dürli sosial kadalaryň ulgamy we jemgyýetçilik tertibiniň iň möhüm düzüm bölekleriniň biri hökmünde garalýar. Şeýle hem "hukuk tertibi", hukugyň ähli gatnaşyjy şahslary tarapyndan hukuk kadalarynda kesgitlenen düzgünleriň doly we gyşarnyksyz berjaý edilmeginiň netijesinde emele gelýän jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň anyk ýagdaýydyr.

Hukuk tertibiniň döredilmegi we hereket etmegi üçin döwlet tarapyndan jemgyýetçilik gatnaşyklaryny hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň mehanizminiň ähli düzüm bölekleri ulanylýar. Döwlet hem kanunylygyň we hukuk tertibiniň berjaý edilmegini üpjün etmek maksady bilen, ýokarda görkezilen talaplaryň ählisini durmuşa geçirýär.

Şeýlelikde, hukuk tertibi diňe hukuk kadalarynyň berjaý edilmeginiň netijesinde emele gelýär we hökmany ýagdaýda döwlet tarapyndan üpjün edilýär.

Häzirki döwürde jemgyýetde hukuk tertibini üpjün etmek möhüm meseleleriň biri bolup, ol ýüze çykyp biljek islendik hukuk bozulmalara garşy göreşmek arkaly häzirki zaman usullardyr tejribeler esasynda yzygiderli kämilleşdirilýär. Bu durmuşa geçirilýän çäreler ilatymyzy watansöýüjilik, milli däp-dessurlarymyza we kanunlarymyza hormat goýmak ruhunda terbiýelemäge gönükdirilendir.

Hukuk tertibini üpjün etmek işinde halkymyzyň milli ýol-ýörelgelerini, ahlak kadalaryny öwrenmek we seljermek möhüm wezipeleriň biridir. T.Goçyýewiň bellemegine görä, islendik jemgyýetde onuň mentaliteti esasynda emele gelýän ahlak kadalary sagdyn jemgyýeti döretmegiň ygtybarly serişdesidir. Jemgyýetde ahlak-hukuk kadalarynyň hökmürowanlygyny üpjün etmek möhüm wezipedir. Her bir şahsyýetiň durmuşda ahlak we hukuk kadalaryna hormat goýmagyň hem-de olary üýtgewsiz ýerine ýetirmegiň özüniň mukaddes borjudygyna düşünmegi zerurdyr.

Türkmen halkymyzyň milli adatlary, ahlak kadalary hukuk goraýjy edaralarynyň we jemgyýetçilik guramalarynyň hukuk bozulmalarynyň öňüni almak işinde esasy orny eýeleýär. Bu babatynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Gahryman Arkadagymyzyň: "Jemgyýetimiz ösýär, özgerýär, öňe barýar. Şeýlelikde, ýurduň hukuk binýadyny hem döwrüň talabyna laýyk getirmek zerurlygy ýüze çykýar. Şoňa görä-de, kanunçylyk namalaryny kämilleşdirmek ýurduň, jemgyýetiň ösüşini, raýatlaryň ýaşaýyş-durmuş derejesini, onuň goraglylygyny üpjün etmekde örän möhüm şertidir" diýip belleýşi ýaly, häzirki döwürde milli ýörelgelerimiziň jemgyýetde hukuk tertibini üpjün etmekde tutýan ornunyň uludygyny nazara alyp, bu babatynda nazary işleriň alnyp barylmagyny maksadalaýyk hasaplaýarys.

Dovran Karajayev
(Turkmenistan)

MODERN METHODS OF ENSURING LAW-AND-ORDER IN SOCIETY

Presently, ensuring law-and-order in society is one of the most important issues, and it is constantly improved based on the best practices and modern methods to combat any violations of law that may arise. The scientific article shows the importance of studying and analyzing the national guidelines and moral norms of our people in ensuring the law-and-order in the society.

Довран Караджаев
(Туркменистан)

СОВРЕМЕННЫЕ МЕТОДЫ ОБЕСПЕЧЕНИЯ ПРАВОПОРЯДКА В ОБЩЕСТВЕ

Обеспечение правопорядка в обществе является сегодня одной из важнейших проблем, и этот процесс постоянно совершенствуется на основе современных методов и практики борьбы с любыми правонарушениями, которые могут возникнуть. В научной статье констатируется, что изучение и анализ национальных принципов и моральных устоев в деле обеспечения правопорядка в обществе, является одной из главных задач.

Leýli Şammaýewa
(Türkmenistan)

TÜRKMENISTANDA ÝAŞLARY YLMA ÇEKMEK SYÝASATYNYŇ HUKUK BINÝADYNYŇ DÖWREBAPLAŞMAGY

XXI asyr ylmyň, tehnologiýalaryň we innowasiýalaryň asyry bolmak bilen, ylym we innowasiýalar jemgyýetçilik ösüşiniň esasy hereketlendiriji güýjüne öwrüldi. Ylmy açyşlaryň durmuşa içgin ornaşmagy türkmen ýaşlarynyň ylmy bilimleriniň täze derejä geçenligi bilen tapawutlanýar.

Ýaşlary ylma çekmek syýasatynyň kanunçylygy bilim, ylym, innowasion kanunçylygyň çäklerinde ýerleşip, ýaşlaryň ylmy döredijiligini ösdürmek bilen bagly işleriň kämilleşmegi arkaly kanunçylyk hem kämilleşýär. Şu sebäpli, Türkmenistanda ýaşlary ylma çekmek syýasatynyň huikuk binýadynyň esaslary seljerilip, onuň döwrebaplaşdyrylmagynyň ýollary açylyp görkezilýär.

Türkmenistanyň hukuk binýady döwrüň talabyna laýyklykda kämilleşdirilýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasy, “Bilim hakynda”, “Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda”, “Döwlet ylmy-tehniki syýasaty hakynda”, “Innowasiýa işi hakynda” Türkmenistanyň Kanunlarynyň rejelenen görnüşleri kabul edilip, Türkmenistanda ýaşlary ylma çekmek ulgamynyň hukuk meýdanyny düzýär.

Ýurdumyzda durmuş-ykdysady syýasatynyň çäklerinde durmuşa geçirilýän ýaşlary ylma çekmek syýasatynyň hukuk esaslary Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynda döwlet tarapyndan ylmy, tehniki we çeper döredijiligiň goldanýanlygyny, höweslendirilýänligini görmek bolýar. Bu hukuk kepili, Türkmenistanyň ýaşlaryna erkin ylmy, ylmy-tehniki we innowasion döredijilik bilen meşgullanmak hukugyny we azatlygyny üpjün edýär.

“Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda“ Kanunyň 2-nji maddasyna laýyklykda, ýaşlary ylma çekmäge ýardam berýän döwlet we jemgyýetçilik gaznalaryň, alym ýaşlaryň jemgyýetçilik birleşikleriniň işleriniň döwlet tarapyndan goldanýandygy we olaryň ylmy işleri alyp barmak hukuklarynyň kepillendirilýändigi bellenilýär.

“Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň ýaşlary ylma çekmek syýasatynyň obýektleri şu Kanunyň 1-nji maddasyna laýyklykda, aýratyn döredijilik ukyby, zehini bolan we ylym, tehnika, bilim, sport, medeniýet, sungat babatda şahsy başarnygyny görkezen, ýokary netijeleri gazanan ýaşlar hem-de kärhanalaryň hatarynda ylmy-barlag, innowasiýa we ornaşdyryjylyk

işlerini geçirmek üçin alym ýaşlar tarapyndan döredilen kärhanalar degişli edilýär. Şeýle hem şu maddada „alym ýaşlar – ylmy iş bilen hünär taýdan meşgullanýan ýaşlar“ ýaly hukuk derejeleri bellenilýär. Bu maddada ýurdumyzda ýaşlary ylma çekmek syýasatynyň özara täsirli we netijeli işleýän ulgamynyň emele gelendigi esaslandyrylýar.

Kanunyň düzgünlerinde ýurdumyzda ýaşlar babatda amala aşyrylýan döwlet syýasatynyň ugurlary bolup, ýaşlaryň ylmy-innowasion döredijilik işjeňligini ösdürmek, ylma zehinli ýaşlara döwlet goldawyny bermek, ýaşlara intellektual işlerini täsirli alyp barmak ündelinýär.

“Bilim hakynda” Türkmenistanyň Kanuny ýaşlary ylmy işlere çekmek boýunça çäreleri geçirmekligi göz öňünde tutýan bilim berijilik maksatnamalary baradaky düzgünleri öz içine alýar.

Kanunçylygyň ösüşi, ýurdumyzda ýaşlary ylma çekmek syýasatynyň hukuk meýdanynyň giňelýändigini görkezýär, ýaşlar, bilim, ylym, innowasiýalar babatynda alnyp barylýan hukuk özgertmeleri ýaşlaryň ylmy döredijiliginiň ösmegine we olary ylma çekmek syýasatynyň dünýä ülňülerine laýyk getirilmegine ýardam berýär. Bu özgertmeler türkmen ýaşlarynyň ylym dünýäsine girişmegini, olaryň intellektual derejesiniň ýokary bolmagyny, täze tehnologiýalara daýanýan aňyýetiň ösmegini kepillendirýär.

Leyli Shammayeva
(Turkmenistan)

DEVELOPMENT OF THE LEGAL FRAMEWORK FOR THE POLICY OF INVOLVING YOUTH INTO SCIENCE

This article is devoted to the analysis of the development of the legal framework for the policy of involving youth into science. The basis of legislation in this area are the provisions of the Constitution of Turkmenistan on the support of scientific and technical creativity and ensuring the rights and freedoms of citizens in the development of free scientific and technical creativity. The legislation on involving young people to scientific activities includes such laws of Turkmenistan as “On the State Youth Policy”, “On Education”, “On the State scientific and technical Policy, “On Innovative activities”.

Лейли Шаммаева
(Туркменистан)

РАЗВИТИЕ ПРАВОВЫХ ОСНОВ ПОЛИТИКИ ПРИВЛЕЧЕНИЯ МОЛОДЕЖИ К НАУКЕ

В докладе рассматриваются правовые основы и развитие правовых положений политики привлечения молодежи к научной деятельности. Основой законодательства в этой области является Конституция Туркменистана, ее положения о поддержке научно-инновационного творчества и обеспечения прав и свобод граждан в области развития свободного научно-технического творчества.

К законодательству по привлечению молодежи к научной деятельности относятся такие законы Туркменистана как “О государственной молодежной политике”, “О Образовании”, “О Государственной научно-технической политике, “О инновационной деятельности”.

В Законе Туркменистана “О государственной молодежной политике” определены объекты политики, направления развития деятельности по привлечению молодежи к науке. Закон Туркменистана “О Образовании” содержит положения о образовательных программах, предусматривающих организацию мероприятий по привлечению молодежи к научной деятельности.

Gülsenem Hommadowa
(Türkmenistan)

INTELLEKTUAL EÝEÇILIK HUKUGY: HALKARA ÖSÜŞINIŇ ESASLARY

Häzirki döwürde intellektual eýeçilik adalgasy ylymda, senagatda, ykdysadyýetde, medeniýetde, hukuk öwrenişde we kanunçylykda ýygy-ýygydan ulanylýar. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň prezidiumynyň mejlisinde intellektual eýeçiligi goramak, intellektual eýeçilik hukuklaryny döwlet we halkara derejede goramagyň kepilliklerini üpjün etmek ugrunda kanunçylyk binýadyny has-da kämilleşdirmegi gaýragoýulmasyz çäreleriň hatarynda kesgitledi.

Intellektual eýeçilik hukugy – bu raýat hukugynyň aýratyn bir instituty bolmak bilen, ol esasy üç bölekden ybarat, ýagny, patent hukugy, awtorlyk hukugy we gatyşyk hukuklar, haryt we hyzmat ediş nyşanlaryna bolan hukuk. Intellektual eýeçilik hukugyna ýuridiki kesgitleme berlende, ol awtorlyk hukugyny, oýlap tapyş

we senagat nusgalarynyň, haryt we hyzmat ediş nyşanlarynyň, täze tehnologiýalaryň, seleksion işleriň peýdalanylyşyna, umumylykda alanyňda döredijilik işiniň netijelerine bolan hukukdyr. “Intellekt” adalgasy latynçadan terjime edilende, akyl zähmetiniň netijelerini, adamyň döredijilikli pikirlenmeginden döreýän ylym, edebiýat, sungat eserlerini aňladýar. Mälim bolşy ýaly, adam intellekti köpugurly toplumlaýyn häsiýetli psihiki ukyplaryň jemi bolup durýar. Intellekt (aň ukyby) anyk şahsyýet bilen baglanyşyklydyr, şeýle-de ýaşaýşyň durmuş-ykdysady şertlerine, adamyň alan bilimine, ylmyna hem bellibir derejede baglydyr, ýöne intellekt (aň ukyby) esasan, adamyň zehinine esaslanýar.

Türkmen halkynyň dünýä siwilizasiýasynyň intellektual gymmatlyklaryna özüniň zehini bilen mynasyp goşandyny goşandygyny onuň ahalteke bedewleri, halysy, milli keşde nagyşlary we şekilleri, zergärçilik we küýzegärçilik işleri subut edýär. Geçmişde-de, häzirki döwürde-de türkmen halky özüniň täzeçilligi, täze tehnologiýalary özleşdirmäge bolan zehini bilen tapawutlanýar.

Adatça, zatlaryň döredilmegine gönükdirilen fiziki zähmetden tapawutlylykda, intellektual iş akyl zähmetidir – ylym, tehnika, genetika, edebiýat, sungat we dizaýn bolsa, adamyň aňyýet, ruhy, döredijilikli zähmetidir. Intellektual işiň netijesi, onuň obýektiw görnüşde ýüze çykýan önümidir, ýagny ol häsiýetine baglylykda ylym, edebiýat, sungat eserleri, oýlap tapyş ýa-da senagat nusgasy diýlip atlandyrylýar. Döredijilikli işiň bu netijeleriniň her haýsysy üçin özboluşly hukuk kadalaşdyrmasy we gorag serişdeleri mahsusdyr. Ýöne, döredijilikli işiň netijeleriniň esasy kadalaşdyryş we gorag wezipelerini raýat-hukuk gatnaşyklarynyň serişdeleri üpjün edýär.

Belli bolşy ýaly, adam aňynyň netijelerini, ruhy gymmatlyklary goramak üçin Birleşen Milletler Guramasynyň ýöriteleşdirilen edarasy bolan Intellektual eýeçiligiň Bütindünýä guramasy (IEBG) hereket edýär. Bu gurama 1967-nji ýylda döredilip, onuň ştab-kwartirasy Şweýsariýanyň Ženewa şäherinde ýerleşýär. Türkmenistan şol guramanyň doly hukukly agzasy hökmünde intellektual eýeçiligi gorap saklamaga ýardam berýär we öz goşandyny goşmak bilen bu ugurda birnäçe halkara ylalaşyklaryny we konwensiýalaryny ykrar etdi. Türkmenistanyň goşulyşan halkara resminamalary täze kabul edilen kanunlaryň içinden eriş-argaç bolup geçýär.

Häzirki döwürde intellektual eýeçiligi babatynda 30 sany esasy halkara konwensiýalar, ylalaşyklar, şertnamalar, teswirnamalar we beýleki namalar hereket edýär. Olaryň 26 sanysy IEBG tarapyndan, 1 sany Bütindünýä Söwda Guramasy tarapyndan, 2 sany Ýewraziýa Patent Guramasy tarapyndan, galan 1 sanysy bolsa Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasy tarapyndan dolandyrylýar.

“Türkmenistanyň intellektual eýeçilik ulgamyny ösdürmegiň 2021–2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasyny” üstünlikli durmuşa geçirmek, intellektual eýeçilik hukuklaryny goramak boýunça alnyp barylýan işleri utgaşdyrmak, ulgamyň

obýektlerini goramak babatda hukuk bozulmalaryň öňüni almak boýunça zerur çäreleri durmuşa geçirmek, şeýle hem bu ugry halkara kadalara laýyklykda has-da ösdürmek, ýurtda maýa goýum işjeňligini höweslendirmegine, işewür gurşawy ösdürmegine, milli ykdysadyýetiň halkara giňişliginde bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmagyna mümkinçilik döredip, intellektual eýeçilik çygrynda daşary ýurtlaryň öňdebaryjy tejribesini özünde jemleýän häzirki zaman kanunçylyk esaslarynyň kemala getirilmegi ýurdumyzyň durmuş-ykdysady hem-de demokratik özgertmeler ýoly bilen okgunly ösdürmek boýunça öňde goýlan wezipeleriň üstünlikli durmuşa geçirilmegine ýardam berýär.

Gulsenem Hommadova
(Turkmenistan)

INTELLECTUAL PROPERTY RIGHTS: FUNDAMENTALS OF INTERNATIONAL DEVELOPMENT

Today, the term intellectual property is frequently used in science, industry, economy, culture, jurisprudence and legislation. The national leader of the Turkmen people, Hero Arkadag, at the session of the presidium of the People's Council of Turkmenistan, defined the further improvement of the legislative framework in the field of protection of intellectual property and guarantees of protection of intellectual property rights at the national and international level as one of the indispensable measures.

Intellectual property right is a separate institution of civil law, which consists of three main parts, i.e. patent right, copyright and related rights, and the right to trademarks and service marks. Intellectual property rights are legally defined as copyrights, inventions and industrial designs, goods and service marks, new technologies, selection works, and generally the right to use the results of creative work. Translated from Latin, the term "intellect" means the results of mental labor, science, literature, and art works that arise from a person's creative thinking.

Гульсенем Хоммадова
(Туркменистан)

ПРАВА ИНТЕЛЛЕКТУАЛЬНОЙ СОБСТВЕННОСТИ: ОСНОВЫ МЕЖДУНАРОДНОГО РАЗВИТИЯ

Сегодня термин интеллектуальная собственность часто используется в науке, промышленности, экономике, культуре, юриспруденции и законодательстве. Национальный лидер туркменского народа

Герой – Аркадаг на заседании Президиума Халк Маслахаты Туркменистана определил дальнейшее совершенствование законодательной базы в сфере защиты интеллектуальной собственности и гарантий защиты прав интеллектуальной собственности на национальном и международном уровнях как одну из необходимых мер.

Право интеллектуальной собственности представляет собой отдельный институт гражданского права, который состоит из трех основных частей: патентного права, авторского и смежных прав и права на товарные знаки и знаки обслуживания. Права интеллектуальной собственности законодательно определяются как авторские права, изобретения и промышленные образцы, знаки товаров и услуг, новые технологии, отборочные произведения и в целом право использования результатов творческого труда. В переводе с латыни термин “интеллект” означает “результаты умственного труда, науки, литературы, произведений искусства, возникающие в результате творческого мышления человека”.

Oguljeren Suhanberdiýewa
(Türkmenistan)

KÄMILLIK ÝAŞYNA ÝETMEDIK ADAMLARA JEZA ÇÄRESINI BELLEMEGIŇ AÝRATYNLYKLARY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň her bir güni üstünliklere beslenýär. Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň dowam etdirmeginde ýaşlarymyzyň döwrebap adamlar bolup ýetişmegi ugrunda alnyp barylýan syýasat ýokary netijeleri berýär. Watan gymmatlyklaryna düşünýän, halky, ene-atany sylaýan, dogry sözli, kämil, ahlak sypatly, ylymly, bilimli ýaş nesil kemala gelýär.

Kazyýetde kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işlerine seredilende, jeza bellemek meselesine aýratyn üns berilýär. Oňa täsir edýän ýagdaýlar içgin, doly öwrenilýär. Jeza bellenilende, zandyýaman jenaýatçylar babatynda gowşaklyga ýol berilmezligi we günäkäriň şahsyýeti hakyndaky maglumatlar seljerilýär. Onuň bilen birlikde, jenaýatyň häsiýetini we jemgyýetçilik howplulyk derejesini nazara almak üçin, kämillik ýaşyna ýetmedik adamlara, jemgyýet üçin uly howplulygy bolmadyk jenaýaty birinji gezek edenlere esassyz agyr jeza çäreleriniň bellenilmegine ýol bermezlik üçin, kazyýetleriň iş ýörelgesi kanunyň jezany aýrybaşgalaşdyrmak hakyndaky talaplaryny gyşarnyksyz berjaý etmäge gönükdirilendir.

Jenaýaty amala aşyran kämillik ýaşyna ýetmediklere jenaýat jogapkärçiligini ulanyp, olara jeza çäresi ýa-da terbiýeçilik mejbury çäresi bellenilip bilner. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň eden jenaýatlary baradaky arzalara garamak we jenaýat işini gozgamagyň tertibi TJIÝK-nyň düzgünleri boýunça amala aşyrylýar. 18 ýaşyna çenli jenaýat eden adamy jenaýat jogapkärçiligine çekmek düzgüni TJK-nyň "Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýat jogapkärçiliginiň we jezasynyň aýratynlyklary" atly babyň maddalarynyň umumy düzgünleri arkaly kesgitlenilýär. Munda ýetginjekleriň ýaşaýyş we terbiýeleniş şertleri, psihiki ösüş derejeleri, şahsyýetiň beýleki aýratynlyklary göz öňünde tutulýar. Jenaýaty eden adamyň kämillik ýaşyna ýetmezligine jenaýat jogapkärçiligini ýeňilleşdirýän ýagdaý hökmünde seredilýär.

Kazyýet mejlisine kämillik ýaşyna ýetmedik kazyýetde işine seredilýänleriň ata-eneleri ýa-da başga kanuny wekilleri çagyrylmalydyr. Olar kazyýet seljerişinde subutnamalary barlamaga, görkezmeleri bermäge, haýyşlary we ynanmazlyklary bildirmäge, kazyýetiň hereketleri, çözgütleri barada şikaýat etmäge, nägilelik tertibinde işlere seredýän kazyýetiň mejlisine gatnaşmaga, öz şikaýatlaryna düşündiriş bermäge haklydyr.

Jenaýat edenligi üçin, şol sanda betnebislik niýeti bilen jenaýat eden, kämillik ýaşyna ýetmediklere jeza çäresi bellenilende, TJK-nyň 87-nji maddasynyň 1-nji bölegi boýunça 12 ýyldan artyk jeza çäresi bellenilip bilinmez hem-de 83-nji maddasyna laýyklykda, kämillik ýaşyna ýetmediklere diňe jerime, düzediş işleri, azatlygy çäklendirmek, azatlykdan mahrum etmek ýaly jezanyň görnüşleri ulanyp bilner.

Kämillik ýaşyna ýetmediklere jeza çäresini bellemek bilen bagly meseleleri Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň giňişleýin mejlisiniň "Jenaýat jezasy bellenilende kazyýetler tarapyndan kanunçylygyň berjaý edilişi hakyndaky" Karary esasynda ýerine ýetirilýär. Kämillik ýaşyna ýetmedige bir wagtyň özünde terbiýeçilik täsirli mejbury çäreleriň birnäçesini bellemek bolýar: a) duýduryş; b) gözegçilige bermek; ç) ýetiren zyýanyny düzetmek borjuny üstüne ýüklemek; d) boş wagtyny çäklendirmek we ş.m.

Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýat işi boýunça kazyýet höküm çykaranda jezadan şertleýin-möhletinden öň boşatmak, azatlykdan mahrum etmek bilen bagly bolmadyk jezalary ulanyp bilýär. Kazyýet seljerişiniň netijesinde uly bolmadyk agyr ýa-da ortaça agyr jenaýaty ilkinji gezek eden kämillik ýaşyna ýetmedik adamyň eden etmişiniň häsiýetini, netijelerini, onuň şahsyýeti baradaky maglumatlary we işiň beýleki ýagdaýlaryny göz öňünde tutmak bilen, jeza çäresini ulanmazdan, düzetmek mümkin diýen netijä gelse, TJK-nyň 88-nji maddasy esasynda kazyýet öz kesgitnamasy bilen ony jeza çäresinden boşadýar. Oňa terbiýeleýjilik häsiýetli mejbury çäreleri ulanýar ýa-da ony kämillik ýaşyna ýetmedikler üçin ýörite terbiýeleýiş ýa-da bejeriş-terbiýeleýiş edarasyna ýerleşdirýär.

Oguljeren Suhanberdiyeva
(Turkmenistan)

SPECIFICS OF ASSIGNING PUNISHMENT MEASURES FOR MINORS

In the period of the Revival of the New Epoch of the Powerful State, the policy being pursued under the leadership of the Esteemed President Arkadag Hero Serdar in the field of educating our youth as individuals who meet modern requirements is bringing good results.

When judging cases of minors, special attention is paid to the issue of sentencing. The circumstances influencing this process are thoroughly studied. When assigning punishment measures, the lack of likelihood of allowing relief in relation to persistent offenders, as well as information about the accused individual is analyzed. At the same time, taking into account the nature and level of threat of the crime to society, it is not allowed imposing unreasonably harsh penalties on minors who have committed the first crime that has not posed a serious threat to society.

Огулджерен Суханбердыева
(Туркменистан)

ОСОБЕННОСТИ НАЗНАЧЕНИЯ МЕР НАКАЗАНИЯ НЕСОВЕРШЕННОЛЕТНИМ

В эру Возрождения новой эпохи могущественного государства политика, проводимая под руководством Уважаемого Президента Аркадаг Героя Сардара в области воспитания нашей молодежи в качестве личностей, отвечающих современным требованиям, приносит высокие результаты.

При судебном рассмотрении дел несовершеннолетних особое внимание уделяется вопросу назначения мер наказания. Досконально изучаются обстоятельства, влияющие на данный процесс. При назначении наказания анализируются отсутствие вероятностей допущения послаблений в отношении злостных правонарушителей и сведения о личности обвиняемого. Вместе с тем с учетом характера и уровня угрозы преступления для общества не допускается назначение необоснованно суровых мер наказания несовершеннолетним, впервые совершившим преступление, не представляющее серьезной угрозы для общества.

Aýjan Omarowa
(Türkmenistan)

MERKEZI AZIÝADA SERHETÜSTI SUWLARY DÜZGÜNLEŞDIRMEGIŇ HUKUK ESASLARY

1991-nji ýylda SSSR-iň dargamagy we Merkezi Aziýada bäş sany garaşsyz döwletleriň emele gelmegi bir ýurduň içerki suwuny serhetüsti suwlaryna öwürdi. SSSR-ň merkezleşdirilen döwlet dolandyryş ulgamy awtonom respublikalaryň arasynda tebigy baýlyklardan peýdalanmak babatynda deňagramlylygy sazlamaga ýeterlikli hasap edilen bolsa, garaşsyzlygyny alan özygtyýarly döwletleriň garaýyşlary milli bähbitlerini öňe sürmeklerine getirdi. Bu syýasy ýagdaý ekologiýanyň serhetüsti suw serişdelerini paýlaşýan Merkezi Aziýa döwletleriniň arasynda täze syýasy gatnaşyklary ýüze çykardy. Häzirki wagtda döwrüň şeýle talaplaryna jogap berip biljek halkara hukuk kadalarynyň zerurlygy hususanda serhetüsti suwlar babatynda has ýiti duýulýar. Bu bolsa sebit döwletleriň arasynda serhetüsti suw serişdelerini deň hukukly paýlaşmaklary ugrunda täzeçil çemeleşmeleri işläp tapmaklyga iterýär.

Suw türkmen halkynyň asyrlar boýy gadryny bilip gelen tebigy baýlyklarynyň biridir. “Suwsuz ýaşaýyş bolmaz”, “Suw damjasy – altyn dänesi” we ýene-de birnäçe atalar sözi we nakyllar türkmen halkynyň suwa ýaşaýşyň esasy serişdesi hökmünde seredip, aýap saklandyklaryny görkezýär. Şeýle-de, gadymdan bäri gelýän suw gatnaşyklarynda türkmenler mirap boljak adamyň esasan hem adalatly bolmagyny talap edipdirler, sebäbi suw paýlanyşygynda deňhukuklylyga aýratyn üns berip, suwa bolan garaýyşlaryny beýgeldipdirler. Häzirki döwürde hem Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan, Arkadagly Serdarymyz tarapyndan dowam etdirilip gelinýän suw gatnaşyklary milli däp-dessurlarymyza daýanýar diýsek ýalňyşmarys.

Merkezi Aziýa döwletleriniň arasynda serhetüsti suwlary dolandyrmakda dürli garaýyşlaryň bolmagy ol tebigy ýagdaýdyr. Çünki garaşsyz döwletler özygtyýarlygynyň çäklerinde ykdysadyýetini gowulandyrmakda, ilkinji nobatda, öz milli bähbitlerinden ugur alýar. Ýöne muňa garamazdan, serhetüsti suwlar bilen bagly gatnaşyklaryny düzgünleşdirmekde halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalarynyň hukuk esasyny düzýän halkara hukugynyň esas goýujy ýörelgelerinden ugur almak maksadalaýykdyr. Sebäbi Merkezi Aziýa sebtinde iki sany serhetüsti derýasy bäş sany garaşsyz döwletleri Aral deňziniň basseýnine jemleýär. Araly halas etmegiň halkara gün tertibinde duran wajyp mesele bolmagy hem bu sebitde serhetüsti suwlar barada milli bähbitleri öňe sürmek bilen däl-de, sebitiň suwlaryny bir ulgama esaslanýan umumy bähbitlerden gözbaş alýan halkara gatnaşyklaryna daýanmalydygyny talap edýär. Halkara hukugynyň umumy ykrar

edilen kadalaryna daýanýan hut şu ýörelgäni Türkmenistan hem goldaýar. Çünki, sebitiň serhetüsti suwlary milli kanunçylygyň goraýan obýekti bolmakdan çykyp, ol halkara hukugynyň kadalarynyň obýekti bolmak bilen tapawutlanýar.

Halkara hukugy bu döwletleriň arasyndaky gatnaşyklary hukuk taýdan düzgünleşdirýän umumy häsiýetli hukuk pudagy bolmak bilen, döwletleri ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasynyň Düzgünnamasyndan gelip çykýan borçnamalary päk ýürekden ýerine ýetirmeklige çagyrýar. BMG-niň Tertipnamasynyň 2-nji maddasynda agza döwletleriň Tertipnamada görkezilen esas goýujy ýörelgeleri berjaý etmäge borçlanýandygyny kesgitleýär. Bu bolsa Merkezi Aziýada serhetüsti suwlar bilen bagly gatnaşyklarda esas goýujy kada bolup hyzmat edýändigini görkezýär. Serhetüsti suwlar babatda halkara hukugynyň esasy ýörelgeleriniň çeşmesi hökmünde 1970-nji ýylyň Halkara hukugynyň ýörelgeleri hakynda Jarnamasyny, 1975-nji ýylyň ÝHHG-niň Helsinki jemleýji Jarnamasyny, 1989-njy ýylyň Howply galyndylaryň serhetüsti daşalmagyna we olaryň çykarylmagyna gözegçilik etmek hakynda Bazel konwensiýasyny, 1992-nji ýylyň Serhetüsti suwakarlary we halkara kölleri goramak hem-de peýdalanmak boýunça konwensiýasyny görkezmek bolar.

Serhetüsti suwlaryň hukuk taýdan düzgünleşdirilmegi babatynda diňe bir halkara hukuk kadalarynyň däl, eýsem milli kanunçylykda hem suwy we suw serişdelerini goramak, netijeli hem tygşytly peýdalanmak, halkara gatnaşyklarynda serhetüsti suwlardan peýdalanmagyň ýörelgeleriniň we hukuk kadalarynyň berkidilmegi wajyp meseleleriň hatarynda durýar. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 9-njy maddasynyň, 2016-njy ýylda kabul edilen Türkmenistanyň Suw kodeksiniň 119-njy we 120-nji maddasynyň kadalary bu ugurda Türkmenistanyň berk binýatly hukuk esasynyň barlygyny subut edýär.

Ayjan Omarova
(Turkmenistan)

LEGAL FRAMEWORK OF REGULATION TRANSBOUNDARY WATERS IN CENTRAL ASIA

Central Asian states have different views on transboundary water management. Since independent states, in improving the economy within the framework of their sovereignty, are guided primarily by their national interests. Consequently, when regulating relations related to transboundary waters, it is advisable to be guided by the fundamental principles of international law, which the legal form basis of generally recognized norms of international law. As known that two transboundary rivers in the Central Asian region unite five independent states in the Aral Sea basin.

Rather than promoting national interests in the transboundary waters of the region, international law calls for international relations to be based on a single system based on the common interests of the region's waters. Turkmenistan also actively supports this principle, since the transboundary waters of the region are not the object of protection of national legislation, but are the object of international law.

Айджан Омарова
(Туркменистан)

ПРАВОВЫЕ ОСНОВЫ РЕГУЛИРОВАНИЯ ТРАНСГРАНИЧНЫХ ВОД В ЦЕНТРАЛЬНОЙ АЗИИ

Государства Центральной Азии имеют разные взгляды на управление трансграничными водами. Так как независимые государства в совершенствовании экономики в рамках своего суверенитета руководствуются прежде всего своими национальными интересами. Следовательно, при регулировании отношений, связанных с трансграничными водами, целесообразно руководствоваться основополагающими принципами международного права, которые состовляют правовую базу общепризнанных норм международного права. Известно, что две трансграничные реки в Центральноазиатском регионе объединяют пять независимых государств в бассейне Аральского моря. Вместо того, чтобы продвигать национальные интересы в трансграничных водах региона, международное право призывает к тому, чтобы международные отношения основывались на единой системе основанных на общих интересах вод региона. Туркменистан также активно отстаивает этот принцип, так как трансграничные воды региона не являются объектом защиты национального законодательства, а представляют собой объект международного права.

Gülwepa Myradowa
(Türkmenistan)

ÝAŞLARYŇ HUKUK MEDENIÝETINI ÝOKARLANDYRMAK – RAÝAT JEMGYÝETINIŇ SYNMAZ SÜTÜNI

Berkarar döwletimiziň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda ýurdumyz belent ösüşlere, özgerişlere beslenýär. Bedew bady bilen öňe barýan gözel Diýarymyzy ähli ugurlarda mundan beýläk-de ösdürmek babatda ***G***ahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly

Serdarymyzyň edýän atalyk aladalarynyň netijesinde öňdengörüjilikli syýasat, uly göwrümli maksatnamalar giň gerimde durmuşa geçirilip, özüniň oňyn, umumadamzat bähbitli netijelerini berýär. Ýetilýän belent sepgitleriň, gazanylýan ösüşleriň esasy maksady bolsa halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da gowulandyrmakdan, ýurdumyzyň dünýä derejesindäki abraýyny arşa götermekden, şeýle-de türkmen halkymyzyň bagtly geljegi bolan hemmetaraplaýyn kämil ýaş nesilleri terbiýelemekden, olaryň hukuklarynyň goraglylygyny üpjün etmekden ybarat bolup durýar.

Adam hukuklary giňişleýin we toplumlaýyn düşünje bolup, yhlasly zähmet çekip, üstünlikleri gazanmak, bagtyýar durmuşda ýaşap, ýüregindäki arzuw-niýetlere ýetmek ugrunda adama döwlet tarapyndan berilýän we goralýan ullakan gymmatlykdyr. Türkmenistanda adamyň we raýatyň hukuklaryny, azatlyklaryny hem-de borçlaryny kadalaşdyrýan, kepillendirýän konstitusion kadalar adam hukuklary boýunça umumy ykrar edilen halkara hukuk kadalarynyň ähli görnüşlerini, ýagny raýat, syýasy, ykdysady, durmuş we medeni hukuklaryny özünde jemleýär hem-de her bir şahsyýetiň jemgyýetdäki mynasyp ornuny kesgitleýär.

Gahryman Arkadagymyz: “Türkmenistanyň beýik geljegi ýaşlarymyzyň bagtyýarlygy we kadaly ösüşi bilen berk baglanyşyklydyr. Ýaşlar Watanymyzyň güýji, kuwwaty, abraý-mertebesi hem-de beýik geljegidir” diýip belleýär. Döwletimiziň aýdyň, bagtly geljegi bolan ýaş nesiller barada uly alada edilýär. Şonuň netijesinde bagtyýar zamanamyzda ýaşlar baradaky döwlet syýasaty ýokary derejede durmuşa geçirilip, jemgyýetde ýaşlaryň kuwwatyny ösdürmek, ýaş raýatlaryň hukuklaryny üpjün etmek, durmuşa geçirmek üçin hukuk, durmuş, ykdysady we guramaçylyk şertlerini hem-de kepilliklerini döretmek arkaly ýaşlary türkmen halkynyň taryhy, medeni we ruhy gymmatlyklaryna hormat goýmak, watançylyk ruhunda terbiýelemek, hemmetaraplaýyn ösen şahsyýeti kemala getirmek ýaly ençeme maksatlary amal edilýär.

Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, ýaşlar mähriban halkymyzyň, eziz Watanymyzyň beýik geljegini gurujylardyr, jemgyýetimiziň işjeň bölegidir. Berkarar döwletimiziň demokratik özgertmeleriň esasynda adalatlylygy baýdak edinip, bedew bady bilen öňe gitmegi ýurdumyzyň hukuk esasyny bilýän, giň gözýetimli ýaşlara aýrylmaz baglydyr. Hut şol sebäpli ýaş nesilleriň kämil derejede hukuk sowatly bolmagy döwrümiziň möhüm wezipeleriniň biridir.

Arkadagly Serdarymyz tarapyndan 2022-nji ýylyň 1-nji sentýabrynda Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň VII gurultaýynda tassyklanylan, 57 maddadan, 10 bapdan ybarat bolan “Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşinde, şeýle-de Gahryman Arkadagymyz tarapyndan 2021-nji ýylyň 8-nji ýanwarynda tassyklanylan “Türkmenistanda ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň 2021–2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynda” hem-de şol Maksatnamany amala aşyrmak boýunça

ýerine ýetirilmeli çäreleriň Meýilnamasynda ýaşlaryň hukuk habarlylygyny ýokarlandyrmaklyga we hukuk düşünjeliligini artdyrmaklyga, olarda kämil hukuk aňyýetini kemala getirmeklige aýratyn ähmiýet berilýär. Hususan-da, "Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň "Türkmenistanda ýaşlar barada döwlet syýasatynyň maksatlary we wezipeleri" diýlip atlandyrylýan 5-nji maddasynyň birinji böleginiň 9-njy bendinde: "ýaşlarda hukuk medeniýetini, kanuny, döwlet häkimiýetini, döwlet nyşanlaryny hormatlamagy, ýokary ahlaklylygy we umumy medeniýeti, şahsy mertebe duýgusyny we düzgün-nyzamlylygy kemala getirmek" diýip bellenilip, alnyp barylýan döwlet syýasatynyň esasy maksatlarynyň biri hökmünde ýaşlarda ýokary hukuk medeniýetini kemala getirmeklik bellenilýär.

Gahryman Arkadagymyzyň: "Biziň ýaşlar syýasatymyz milli kanunçylyk namalary, halkara ýörelgeler esasynda durmuşa geçirilýär" diýip nygtaýşy ýaly, ýokarda agzalan kanunyň kabul edilmegi bilen öňde goýlan wajyp wezipeleriň ýerine ýetirilmegi üçin hukuk binýady kemala getirilip, Türkmenistanda ýaşlar baradaky döwlet syýasatyny durmuşa geçirmegiň hukuk esaslary hem-de bu syýasy işiň maksatlary, wezipeleri, ýörelgeleri, esasy ugurlary, çäreleri kesgitlenilip, ýaşlaryň hukuk we durmuş goraglylygy, olara döwlet goldawynyň esasy ugurlary giňişleýin beýan edildi.

Gözel zamanamyzyň päk ahlakly, dürli hünärlerden ussatlarça baş çykarýan, giň dünýägaraýyşly, eziz Watanymyza, mähriban halkymyza wepaly, zähmetsöýer, maksada okgunly, ahlak we hukuk medeniýetli ýaşlary terbiýeläp ýetişdirmekde ähli şertleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Serdarymyza minnetdarlygymyz çäksizdir. "Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy" ýylynda taryhy pederlerimiziň miras goýan baý durmuş tejribesine, häzirki zaman dünýä jemgyýetiniň gazananlaryna daýanylyp, türkmen ýaşlarynyň ylym-bilim, ahlak we ruhy taýdan sazlaşykly ösüp, döwletimize gerekli adamlar bolup ýetişmekleri üçin giň mümkinçilikler döredýän, bedew batly ösüş bilen Ata Watanymyzy diňe öňe alyp barýan hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak, belent başy aman bolsun!

Gulvepa Myradova
(Turkmenistan)

IMPROVING THE LEGAL CULTURE OF YOUTH IS AN INDISPENSABLE PILLAR OF CIVIL SOCIETY

At the prosperous epoch of the powerful state under the wise leadership of the Esteemed President, our country is experiencing great events and changes. As a result of the care of our hero Arkadag, Arkadagly Serdar, far-sighted policies

and large-scale programs have been implemented on a wide scale with positive, generally beneficial results, which contributes to the further development of our beautiful country moving forward in all areas. The main goal of achievements and developments is to further improve the standard of living of our people, increase the country's authority at the global level, as well as educate the younger generation, who will have a happy future for the Turkmen people, and ensure the protection of the rights of citizens.

Гульвепа Мырадова
(Туркменистан)

ПОВЫШЕНИЕ ПРАВОВОЙ КУЛЬТУРЫ МОЛОДЕЖИ – НЕЗАМЕНИМАЯ ОПОРА ГРАЖДАНСКОГО ОБЩЕСТВА

В эру Возрождения новой эпохи могущественного государства под мудрым руководством Уважаемого Президента наша страна переживает большие события и изменения. В результате заботы нашего Аркадаглы Сердара были реализованы дальновидная политика и масштабные программы в широком объеме с положительными, в целом, выгодными результатами, что способствует дальнейшему развитию нашей прекрасной страны, идущей вперед во всех сферах. Основной целью достижений и разработок является дальнейшее повышение уровня жизни нашего народа, повышение авторитета страны на мировом уровне, а также воспитание молодого поколения, которого ждет счастливое будущее туркменского народа, и обеспечение защиты прав граждан.

Aýly Orazow
(Türkmenistan)

TÜRKMENISTANDA KORRUPSIÝA GARŞY HEREKET ETMEGIŇ KANUNÇYLYK ESASLARYNYŇ ÖSÜŞI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň başda durmagynda ýurdumyzda adam hukuklaryny we azatlyklaryny kepillendirmek, olaryň kanuny bähbitlerini goramak, günsaýyn kämilleşýän jemgyýetçilik gatnaşyklarynda olaryň hukuk goraglylygyny üpjün etmek döwlet syýasatynyň möhüm ugurlarynyň hatarynda görülýär. Şunuň bilen birlikde döwlet howpsuzlygyny, raýatlarymyzyň hukuklaryny we azatlyklaryny korrupsiýadan gelip çykýan howplardan goramak, jemgyýetimiziň ýaşaýyş-

durmuşynyň ähli ugurlarynda korrupsiýanyň gutarnykly ýok edilmegini gazanmak üçin maksatnamalaýyn çäreler durmuşa geçirilýär. Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, korrupsiýa döwletiň durmuş-ykdysady taýdan ösüşini bökdeýär, ilatyň ýaşaýyş durmuşyna zyýan ýetirýär.

Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasynyň 8-nji maddasynda, her bir adamyň konstitusiýa we kanunlar arkaly berlen esasy hukuklarynyň bozulan halatynda ygtyýarly milli kazyýetlerde netijeli dikeldilmegine hukugynyň bardygy berkidilendir. Halkara hukugynyň bu kadasy milli kanunçylykda adam hukuklarynyň goralmagynda we dikeldilmeginde esas goýujy başlangyç bolup, adamyň durmuş-ykdysady, syýasy we medeni hukuklarynyň goraglylygynyň kepillendirýär. Korrupsiýa we onuň zyýanly netijelerinden goramak boýunça raýatlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň ykrar edilmegi, şeýle-de üpjün edilmegi hem durmuş-ykdysady hukuklaryň hataryna girmek bilen, ygtyýarly döwlet edaralaryň we kazyýetleriň üsti bilen hukuk goragyndan peýdalanýar. Bu halkara hukuk kadasy milli kanunçylygymyzda hem beýan edilýär. Has takygy, Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 27-nji, 61-nji we 63-nji maddalary adamyň we raýatyň hukuklarynyň hem azatlyklarynyň kazyýet goraglylygyny, olara ýetirilen zyýanyň öweziniň dolunmagyny talap etmäge we ýuridiki kömegi almaga bolan hukuklaryny kepillendirýär. Şeýlelikde, bu kadalar öz gezeginde ýurdumyzda döwlet gullukçylarynyň korrupsiýa bilen bagly hukuk bozulmalaryna ýardam eden sebäpleri, şertleri aradan aýyrmagyň we olaryň netijelerini ýok etmegiň esaslaryny we raýatlaryň hukuklarynyň konstitusion goraglylygyny üpjün edýär. Görkezilen kadalar pudaklaýyn kanunçylykda utgaşykly ösdürilýär.

Ýurdumyzda korrupsiýa garşy göreşmek bilen bagly meseleler Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksi, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi, Zähmet kodeksiniň kadalary, şeýle-de "Korrupsiýa garşy hereket etmek hakynda" Türkmenistanyň Kanuny we beýleki hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýär. Türkmenistanda korrupsiýa garşy hereket etmek baradaky kanunçylyk diýlen düşünje agzalan kanunlar bilen çäklenmeýär. Bu düşünje "Döwlet gullugy hakynda", "Döwlet gullukçysynyň etikasy we gulluk özüni alyp barşy hakynda", "Hukuk bozulmalarynyň öňüni almak hakynda", "Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna, terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine we köpçülikleýin gyryş ýaragynyň ýaýradylmagynyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek hakynda" Türkmenistanyň Kanunlary we beýleki kanunlar, şeýle-de Türkmenistanyň Prezidentiniň korrupsiýa garşy göreşi düzgünleşdirmäge günükdirilen permanlary we kararlary, Ministrler Kabinetiniň hem-de ygtyýarly pudaklaýyn dolandyryş edarasynyň şeýle häsiýetdäki kararlary, "Türkmenistanda korrupsiýa garşy hereket etmek boýunça Milli maksatnamanyň" kadalary bilen kadalaşdyrylýar.

“Korrupsiýa garşy hereket etmek hakynda” Türkmenistanyň Kanuny seljerilýän ugurda gös-göni niýetlenen kadalaşdyryjy hukuk namasy bolup durýar. Kanun korrupsiýa garşy hereket etmegiň esasy ýörelgelerini, korrupsiýa garşy göreşiň, korrupsiýany duýdurmagyň, onuň bilen bagly hukuk bozulmalaryna ýardam eden sebäpleri we şertleri aradan aýyrmagyň hem-de olaryň netijelerini ýok etmegiň hukuk we guramaçylyk esaslaryny kesgitleýär. Şeýle-de bu hukuk nama jemgyýetde durnuklylygy we howpsuzlygy ygtybarly üpjün etmäge, döwleti dolandyrmakda demokratik başlangyçlary, aýanlygy we gözegçiligi giňeltmäge, ilatyň döwlete we onuň düzüm gurluşlaryna bolan ynamyny berkitmäge, işini ýokary derejede bilýän hünärmenleri döwlet gullugyna girmäge höweslendirmäge, döwlet gullukçylarynyň halallygynyň kepilliklerini berkitmäge niýetlenendir.

Umuman aýdanyňda, ýurdumyzda korrupsiýa garşy hereket etmek baradaky kanunçylygyň pugtalandyrylmagy bilen döwlet häkimiýet edaralarynyň işi döwrüň talabyna laýyk guralýar, döwlet häkimiýet edaralarynyň kadaly işine oňaýsyz täsir edýän korrupsiýa garşy hereket etmegiň hukuk binýady has-da kämilleşdirilýär.

Ayly Orazov
(Turkmenistan)

DEVELOPMENT OF THE LEGAL BASIS OF ACTION AGAINST CORRUPTION IN TURKMENISTAN

In the Revival of the New Era of Powerful State a reliable legal basis of action against corruption is being created in Turkmenistan. In this case, special attention is paid to the organization of the work of state organs in accordance with the requirements of the times, the creation of decent living conditions for civil servants, as well as to the strengthening of the perfect legal regulation of anti-corruption actions.

Айли Оразов
(Туркменистан)

РАЗВИТИЕ ЗАКОНОДАТЕЛЬНОЙ ОСНОВЫ ПРОТИВОДЕЙСТВИЯ КОРРУПЦИИ В ТУРКМЕНИСТАНЕ

В эру Возрождения новой эпохи могущественного государства создается надежная правовая база для противодействии коррупция в Туркменистане. В соответствии с современными требованиями, особое внимание уделяется

организации работы органов государственной власти, созданию достойных социально-бытовых условий для государственных служащих, а также укреплению совершенного правового регулирования для противодействия коррупции.

Yhtyýar Ulukow, Oguldürli Taganowa
(Türkmenistan)

TÜRKMENISTANDA HARBY KANUNÇYLYGYŇ TUTÝAN ORNY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzy ösdürmek, onuň dünýäniň ösüşi bilen utgaşykly bolmagyny üpjün etmek, döwletiň we hukugyň yzygiderli kämilleşmegi ugrunda uly işler durmuşa geçirilýär. Ýurdumyzyň kanunçylygyny kämilleşdirmek bilen bir hatarda Türkmenistanyň harby kanunçylygyny, şol sanda Türkmenistanyň Döwlet serhedini goramagyň hukuk esaslaryny öwrenmek, taryhy maglumatlary ylmy dolanyşyga girizmek, olara seljerme bermek möhüm ähmiýete eýedir.

Türkmenistan bitarap, demokratik, hukuk we dünýewi döwlet hökmünde durnukly durmuş-ykdysady ösüşlere, şol sanda ylym-bilim ulgamynda hem uly ösüşlere eýe boldy. Bu ösüşleriň dowamynda ýurdumyzyň howpsuzlygyny we ygtybarly goragyny, Döwlet serhediniň asudalygyny üpjün etmekde, garaşsyzlygymyzyň gazananlaryny goramakda önjeýli işler durmuşa geçirilýär.

Harby kanunçylyk – bu Ýaragly güýçleriň gurluş görnüşlerini we ýörelgelerini kanuny taýdan berkidýän, Ýaragly güýçleriň gurluşyndaky, durmuşyndaky, medeni we durmuşy hyzmatlaryndaky we işlerindäki gatnaşyklary sazlaýan, şeýle hem harby gullukçylaryň hem-de harby gurluşdaky jemgyýetçilik gatnaşyklaryna gatnaşyjylaryň borçlaryny, hukuklaryny we jogapkärçiliklerini kesgitleýän ulgamdyr. Harby döwürde we harby ýagdaýyň yglan edilen ýerlerinde harby kanunçylygyň täsir edýän gurşawynyň gerimi, adatça, has giňeýär, ol harby gatnaşykda halk hojalygynyň we ulag ulgamynyň has wajyp pudaklaryny, jemgyýetçilik tertibini goramagyň hem-de döwlet howpsuzlygynyň gurşawyny öz içine alýar.

Harby kanunçylyk döwletiň hukuk ulgamynyň wajyp böleginiň biri bolmak bilen, şol döwletiň jemgyýetçilik-syýasy we döwlet gurluşynyň häsiýetini şöhlelendirýär, ýurtda agalyk edýän synpyň harby gurluş babatda alyp barýan syýasatyny berkidýär. Harby kanunçylyk şol ýurduň Ýaragly güýçlerine mahsus bolan guramaçylyga we onuň niýetlenişine baglylykda kesgitli syýasy maksatlar

üçin Ýaragly güýçleri ulanmagyň wezipelerine kybap gelýän içerki özara gatnaşyklary takyk ýola goýmaga gönükdirilendir. Harby kanunçylygyň esasy wezipeleriniň biri goşunlaryň ýokary derejede söweşjeň taýýarlygyny saklamakdan, harby ugurdan bilim alan raýatlardan ýeterlik mukdarda ätiýaçlygyň toplanmagyna şert döretmekden ybaratdyr.

Harby kanunçylygyň kadalaryna: Ýaragly güýçleriň gurluşyny; harby dolandyryşynyň guramaçylygyny we ygtyýarlyklaryny; Ýaragly güýçleri harby işgärler bilen doldurmagyň hem-de ätiýaçlygyny şahsy düzüm bilen üpjün etmegiň tertibini; harby gullugy geçmegiň tertibini; harby gullukçylaryň we harby borçlularyň hukuk ýagdaýyny; goşun hojalygyny guramagyň we alyp barmagyň tertibini; harby gullukçylary maddy serişdeler bilen üpjün etmegiň düzgünini; harby ýagdaý yglan edilen ýerlerde harby häkimiýetiň hukuklaryny; Ýaragly güýçleri mobilizasiýa etmegiň esaslaryny kesgitleýän kadalar degişlidir.

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň wezipä girişmek dabarasyndaky eden çykyşynda "Biziň goranyş häsiýetli doktrinany berjaý edýän milli Ýaragly Güýçlerimize döwletimiziň Garaşsyzlygyny we bitaraplygyny goramakda, durnuklylygyny üpjün etmekde uly orun degişlidir. Bitarap Watanymyzyň goranmak kuwwaty halkymyzyň asuda we abadan durmuşyny üpjün etmäge gönükdirilendir. Şuny göz öňünde tutup, biz milli Ýaragly güýçlerimiziň, harby we hukuk goraýjy edaralaryň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak üçin ähli tagallalary ederis. Bu edaralar üçin geljekde hem häzirki zamanyň iň kämil tehnikalaryny we beýleki zerur enjamlary satyn alarys. Harby gullukçylaryň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrarys" diýip belleýşi ýaly, ýurdumyzyň harby kanunçylygy goranmak häsiýetindäki kanunçylyk bolmalydyr.

2010-njy ýylyň 25-nji sentýabrynda kabul edilen "Goranmak hakynda" Türkmenistanyň Kanunyda Türkmenistanyň goranyşynyň esaslaryny hem-de onuň guralyşyny, goranmak meseleleri boýunça Türkmenistanyň Prezidentiniň, döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň ygtyýarlyklaryny, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň, guramalaryň we kärhanalaryň, olaryň wezipeli adamlarynyň wezipelerini, şeýle hem raýatlaryň hukuklaryny we borçlaryny, Türkmenistanyň Ýaragly güýçleriniň gurluşyny we guralyşyny, goranmak çygryndaky Türkmenistanyň kanunçylygynyň, şeýle-de goranmaga degişli beýleki hukuk kadalarynyň bozulmagy üçin jogapkärçiligi kesgitleýändigi bellenilýär.

Yhtyyar Ulukov, Oguldurli Taganova
(Turkmenistan)

ROLE OF THE MILITARY LEGISLATION IN TURKMENISTAN

Military legislation is a system that legally establishes the structural forms and principles of the Armed Forces, regulates relations within the structure, everyday life, cultural and everyday relationships, and determines the duties, rights and responsibilities of military personnel in the military structure. During military emergency and in areas where military emergency has been declared, the scope of military emergency is usually broader; it includes the most important sectors of the economy and the transport system in military relations, the protection of public order and national security.

The defense power of the neutral Homeland and the military legislation in force in the country are aimed at maintaining a stable and peaceful life of the people.

Ихтияр Улуков, Огулдурли Таганова
(Туркменистан)

РОЛЬ ВОЕННОГО ЗАКОНОДАТЕЛЬСТВА В ТУРКМЕНИСТАНЕ

Военное законодательство – это система, юридически закрепляющая структурные формы и принципы Вооруженных сил, регулирующая отношения в структуре, быту, культурно-бытовых взаимоотношениях, а также определяющая обязанности, права и ответственность военнослужащих в военной структуре. Во время военного положения и в районах, где было объявлено военное положение сфера действия военного положения обычно шире; оно включает в себя важнейшие отрасли экономики и транспортной системы в военных отношениях, охрану общественного порядка и сферу национальной безопасности.

Оборонительная мощь нейтральной Родины, действующее в стране военное законодательство направлены на обеспечение стабильной и мирной жизни народа.

Jennet Saparowa, Eziz Kiçikakaýew
(Türkmenistan)

SANLY YKDYSADYÝETIŇ ŞERTLERINDE MAGLUMAT HOWPSUZLYGYNY ÜPJÜN ETMEGIŇ HUKUK BINÝADY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzy ösdürmek, innowasion ykdysadyýeti kemala getirmek, ähli ulgamlary sanlylaşdyrmak boýunça maksatnamalaýyn işler üstünlikli amala aşyrylýar. Türkmenistanyň hormatly Prezidenti: "Ýurdumyzda döredilen innowasion edara-kärhanalaryň, alymlarymyzyň ylmy-intellektual işleriniň netijeleriniň daşary ýurtlarda, halkara derejede goraglylygyny hem-de ykrar edilmegini gazanmak ugrunda ulgamlaýyn işler dowam etdirilmelidir" diýip belläp geçýär. Häzirki wagtda sanly ykdysadyýete geçmek Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyna laýyklykda amala aşyrylýar.

Ýurdumyzda sanly ykdysadyýetiň durnukly esaslaryny kemala getirmek üçin esasy şertleriň biri – bu ugurda berk hukuk binýadynyň döredilmegidir. Türkmenistanyň Konstitusiýasynda: "Döwlet ylmyň, tehnikanyň we tehnologiýalaryň ösüşine ýardam edýär, şeýle hem bu ugurlarda halkara hyzmatdaşlygyny goldaýar. Döwletiň ylmy-tehniki syýasaty jemgyýetiň we her bir adamyň bähbitlerine ýöredilýär. Döwlet ylmyň we tehnikanyň gazananlarynyň önümçilige ornaşdyrylmagyna ýardam edýär" diýlip aýdylýar. "Aragatnaşyk hakynda", "Maglumat we ony goramak hakynda", "Innowasiýa işi hakynda hakynda", "Türkmenistanda internet torunyň ösüşini we internet hyzmatlaryny etmegi hukuk taýdan düzgünleşdirmek hakynda" Türkmenistanyň Kanunlarynyň hem-de gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň kabul edilmegi sanly ykdysadyýete üstünlikli geçmegine ýardam berdi.

Sanly ykdysadyýete geçmekde milli intellektual tehnologiýalar ulgamyny ösdürmek, innowasion tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagyny höweslendirmek bu ugurlarda halkara derejesinde hyzmatdaşlygyň ýola goýulmagynda aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Şonuň bilen bir hatarda, jemgyýetiň sanly gurşawa bolan ynamynyň artmagyny gazanmakda maglumat we innowasion tehnologiýalaryň maglumat howpsuzlygynyň üpjün edilmegi wajyp wezipeleriň hatarynda kesgitlenýär. Häzirki wagtda Türkmenistanda ösen tehnologiýalaryň mümkinçilik berýän täze goşmaça hyzmatlaryndan, internetden, kompýuter ulgamlarynyň maglumatlar torlaryna çykarmak hyzmatlaryndan peýdalanmak islegi barha artýar.

Umuman, sanly ykdysadyýeti ösdürmekde daşary ýurtlaryň birnäçesinde toplanan tejribäniň öwrenilmegi, bir tarapdan, ylym we bilim ulgamlarynyň düýpli özgerdilmegi, elektron senagatynyň depginli ösdürilmegi, ylmyň gazananlaryny

talap edýän önümçilikleriň döredilmegine işewürleriň giňden çekilmegini talap edýär. Beýleki tarapdan, halkara bilermenleriň nygtamaklaryna görä, ykdysadyýetiň mundan beýläk has sanlylaşdyrylmagynyň artykmaçlyklary bilen bir hatarda, ol birnäçe töwekgelçilikleri hem döredýär. Çünki, sanly tehnologiýalara bolan aşa baglylygyň artmagy, şeýle-de maglumatlary gorap saklamak meselesi bilen baglylykda kiberhowpuň artmagy bellibir derejede töwekgelçilikleriň ýüze çykmagyna getirýär. Şol sebäpli sanly ykdysadyýeti ösdürmek isleýän döwletler bu meselelere ünslerini güýçlendirmeli bolýar. Bilermenler tarapyndan dünýäde sanly giňişlikde edilýän hukuk bozulmalaryň netijesindäki ykdysady zyýan 2021-nji ýylda 6 trillion ABŞ-nyň dollaryna deň bolan bolsa, 2025-nji ýyla çenli ol eýýäm 10,5 trilliona barabar boljakdygy çaklanylýar.

Maglumat giňişligindäki howplaryň toplumlaýyn häsiýetini, möçberiniň giňligini, yzygiderli ösüşini göz öňünde tutup hem-de bu ugurda döräp biljek töwekgelçiliklere garşy durmak üçin täze hukuk resminamalary işläp taýýarlamak wajyp meseleleriň birine öwrüldi. Şonuň netijesinde 2019-njy ýylyň 6-njy sentýabrynda "Kiberhowpsuzlyk hakynda" Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi.

Şeýlelikde, ýurdumyzda sanly ykdysadyýete tapgyrlaýyn geçmegiň çäklerinde maglumat giňişligini kiberhowplardan goramaklygyň berk hukuk binýady döredildi, olar netijeli guramaçylyk çärelerini ýola goýmak ýaly wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmäge ýardam berer diýip hasaplaýarys.

Jennet Saparova, Eziz Kichikakayev
(Turkmenistan)

LEGAL FRAMEWORK FOR MAINTAINING INFORMATION SECURITY IN THE DIGITAL ECONOMY

The Constitution of Turkmenistan specifies that the state promotes the development of science, engineering and technology, as well as the introduction of their achievements into production. Currently, there is a process of vigorous expansion of the digital economy, which, along with having a positive impact on the development of knowledge-intensive industries, carries hidden threats, in particular in matters of information security. In this regard, a key issue in maintaining information security is the creation of an effective regulatory framework aimed at countering various types of threats. In this context, the country has adopted and implements the Laws "On Communications", "On Information and Its Protection", "On Legal Regulation of the Internet Development and the Provision of Internet Services in Turkmenistan", "On Cyber Security" and etc.

Дженнет Сапарова, Эзиз Кичикакаев
(Туркменистан)

ПРАВОВАЯ БАЗА ОБЕСПЕЧЕНИЯ ИНФОРМАЦИОННОЙ БЕЗОПАСНОСТИ В УСЛОВИЯХ ЦИФРОВОЙ ЭКОНОМИКИ

Конституция Туркменистана гласит, что государство содействует развитию науки, техники и технологий, а также внедрению в производство их достижений. В настоящее время наблюдается процесс интенсивного расширения цифровой экономики, которая наряду с оказанием положительного влияния на развитие наукоёмких отраслей производства, несёт в себе скрытые угрозы, в частности, в вопросах защиты информации. В связи с этим ключевым вопросом обеспечения информационной безопасности является формирование эффективной нормативной базы, направленной на противодействие разного рода угроз. В этом контексте в стране приняты и действуют Законы “О связи”, “Об информации и её защите”, “О правовом регулировании развития сети Интернет и оказания интернет-услуг в Туркменистане”, “О кибербезопасности” и другие.

Daniýorbek Tajibaýew
(Türkmenistan)

KIBERJENAÝATÇYLYGA GARŞY HEREKET ETMEGIŇ KANUNÇYLYK ESASLARY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzy ösdürmek, innowasion ykdysadyýeti kemala getirmek, ähli ulgamlary sanlylaşdyrmak boýunça maksatnamalaýyn işler üstünlikli amala aşyrylýar. Sanly ykdysadyýete geçilmegi döwlet dolandyrylyşynyň öňdebaryjy usullaryny ornaşdyrmaga, maglumat tehnologiýalaryny ulanmagyň hasabyna ähli pudaklaryň işiniň netijeliligini ýokarlandyrmaga ýardam etdi.

Türkmenistanyň hormatly Prezidenti: “Ýurdumyzda döredilen innowasion edara-kärhanalaryň, alymlarymyzyň ylmy-intellektual işleriniň netijeleriniň daşary ýurtlarda, halkara derejede goraglylygyny hem-de ykrar edilmegini gazanmak ugrunda ulgamlaýyn işler dowam etdirilmelidir” diýip belläp geçýär. Şonuň bilen bir hatarda, jemgyýetiň sanly gurşawa bolan ynamynyň artmagyny gazanmakda maglumat we innowasion tehnologiýalaryň maglumat howpsuzlygynyň üpjün edilmegi wajyp wezipeleriň hatarynda kesgitlenýär.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 4-nji maddasynda: “Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary gymmatlygy adamdyr. Adamy goramak, goldamak we oňa hyzmat etmek döwlet häkimiýet edaralarynyň baş wezipeleridir” diýlip nygtalýar. Elbetde, bu konstitusion kada döwletimiziň ähli hukuk pudaklary bilen bir hatarda, jenaýat-hukuk pudagynyň hem içinden eriş-argaç bolup geçýändir.

2019-njy ýylyň 6-njy sentýabrynda “Kiberhowpsuzlyk hakynda” Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. Bu kanun kiber giňişliginde Türkmenistanyň milli bähbitlerini, adamyň we raýatyň hukuklaryny we azatlyklaryny goramagyň guramaçylyk we hukuk esaslaryny kesgitleýär hem-de Türkmenistanyň kiberhowpsuzlygyny üpjün etmekde ýüze çykýan gatnaşyklary düzgünleşdirýär.

“Kiberhowpsuzlyk hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasynda “kiberjenaýat” diýen düşünjelere şu aşakdaky görnüşde kesgitleme berilýär:

kiberjenaýat (kompýuter jenaýatçylygy) – kiber giňişliginde we (ýa-da) onuň ulanylmagynda jemgyýetçilik üçin howply günäli etmiş, onuň üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda jogapkärçilik göz öňünde tutulýar we (ýa-da) ol Türkmenistanyň halkara şertnamalary esasynda jenaýat hökmünde ykrar edilýär;

kiberjenaýatçylyk – kiberjenaýatlaryň jemi.

Şu kesgitlemeden görnüşi ýaly, kiberjenaýatlaryň görnüşi hökmünde kompýuter maglumaty çygryndaky jenaýatlar diýlip, 2022-nji ýylyň 17-nji aprelinde rejelenen görnüşinde kabul edilen Türkmenistanyň Jenaýat kodeksinde *“Maglumatlaşdyrmak we aragatnaşyk çygryndaky jenaýatlar”* atly 33-nji babynyň 373–383-nji maddalarynda görkezilen *jenaýatlar* hasap edilýär.

Mundan başga-da “Aragatnaşyk hakynda”, “Maglumat we ony goramak hakynda”, “Awtorlyk hukugy we gatyşyk hukuklar hakynda”, “Internet torunyň ösüşini we internet hyzmatlary etmegi hukuk taýdan düzgünleşdirmek hakynda”, “Elektron resminama, elektron resminama dolanyşygy we sanly hyzmatlar hakynda”, “Elektron hökümet hakynda” Türkmenistanyň kanunlary we gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalary maglumatlaşdyrmak we aragatnaşyk çygryndaky jemgyýetçilik gatnaşyklary düzgünleşdirýär.

Şeýlelikde, häzirki zaman ýaşaýşyny sanly ulgamsyz göz öňüne getirmek mümkin däl. Biziň täze özgertmelere we ösüşlere tarap barýan ýurdumyz döwletara maglumat giňişliginde mynasyp orun eýeleýär. Şu nukdaýnazardan, kiberjenaýatçylyga garşy hereket etmek boýunça milli kanunçylygymyzy yzygiderli kämilleşdirmek – döwrüň talaby bolup durýar.

Daniyorbek Tajibayev
(Turkmenistan)

LEGISLATIVE BASIS OF MEASURES AGAINST CYBERCRIME

Ensuring information security of information and innovative technologies is identified as one of the most important tasks in order to achieve an increase in public confidence in the digital environment.

Thus, it is impossible to imagine modern life without digital systems. Our country, moving towards new reforms and developments, occupies a worthy place in the intergovernmental information space. In this regard, continuous improvement of our national legislation to combat cybercrime is the need of the modern time.

Даниёрбек Таджибаев
(Туркменистан)

ПРАВОВЫЕ ОСНОВЫ ПРОТИВОДЕЙСТВИЯ КИБЕРПРЕСТУПНОСТИ

В получении доверия общества к цифровому пространству определяющую роль, в числе других, играет обеспечение информационной безопасности информационных и инновационных технологий.

Вполне понятно, современную жизнь нельзя представить в отрыве от цифровой системы. Сегодня, наша страна, устремлённая вперёд к новым достижениям и грандиозным преобразованиям, занимает солидное место в международном информационном пространстве. С учётом данного обстоятельства, последовательное совершенствование национального законодательства в области противодействия киберпреступности является актуальным требованием.

Rahat Töräýew
(Türkmenistan)

HUKUK TERTIBINI ÜPJÜN ETMEK WE HUKUK BOZULMALARYNYŇ ÖŇÜNI ALMAK IŞINIŇ HUKUK ÜPJÜNÇILIGINI KÄMILLEŞDIRMEGIŇ DERWAÝYS MESELELERI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan mundan beýläk-de ösdürmeklige gönükdirilen işleriň hukuk binýadyny kämilleşdirmek maksady bilen milli kanunçylygymyz yzygiderli döwrebaplaşdyrylýar. Özünde hormatly Prezidentimiziň alyp barýan ynsanperwer içeri we daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň aýdyň şöhlelenmesini tapýan hukuk namalaryny kabul etmek, bar bolanlaryny üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek arkaly kämilleşdirmek ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça alnyp barylýan toplumlaýyn işleriň aýrylmaz bir bölegi bolup durýar. Demokratik, hukuk we dünýewi döwletimiziň Konstitusiýasynyň esas goýujy ýörelgelerine hem-de döwlet Baştutanymyzyň öňdengörüjilikli, parasatly we konseptual garaýyşlaryna ýugrulan milli kanunçylyk ulgamymyz ýurdumyzyň durnukly durmuş-ykdysady ösüşiniň düzgünleşdirilen beýanydyr.

Türkmenistanyň Esasy Kanunyny bolan Türkmenistanyň Konstitusiýanyň 1-nji maddasynda: “Döwlet Türkmenistanyň garaşsyzlygyny, özygtyýarlylygyny, çäk bitewüligini, konstitusion gurluşyny goraýar, kanunylygy we hukuk tertibini üpjün edýär” diýen konstitusion kadanyň berkidilmegi hukuk tertibini üpjün etmegiň döwletiň esasy wezipeleriniň biri bolup durýandygyna şaýatlyk edýär. Hukuk tertibiniň aýrylmaz bir bölegi bolup durýan jemgyýetçilik howpsuzlygyny üpjün etmek döwletiň esasy wezipeleriniň hataryna giryär. Döwletiň we hukugyň nazaryýeti ylmynda bu barada birnäçe ylmy nukdaýnazarlar alymlar tarapyndan öňe sürülýär. Döwletiň öz syýasy wezipelerini beýleki işler bilen bir hatarda döwlet we jemgyýetçilik howpsuzlygyny üpjün etmek arkaly berjaý edýändigi barada garaýyşlar awtorlar tarapyndan beýan edilýär.

Hukuk tertibini üpjün etmek jähtinden seredeniňde hukuk bozulmalarynyň öňüni almak, olary duýdurmak bu ugurda öňde goýlan wezipeleri üstünlikli berjaý etmegiň wajyp şerti bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, hukuk bozulmalarynyň öňüni almagyň hukuk binýadyny kämilleşdirmek işine ylmy taýdan çemeleşip, ony maksatnamalaýyn esasda alyp barmaklyk zerurdyr.

Hukuk bozulmalaryň öňüni almak bilen baglanyşykly jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirmekde 2020-nji ýylyň 22-nji awgustynda kabul edilen

“Hukuk bozulmalarynyň öňüni almak hakynda” Türkmenistanyň Kanuny wajyp orny eýeleýär. Bu kanunyň kabul edilmegi bilen hukuk bozulmalarynyň öňüni alyş ulgamynyň hukuk hem-de guramaçylyk esaslary kesgitlenildi we onuň işleýşiniň umumy kadalary, hukuk bozulmalarynyň öňüni almagyň ýörelgeleri, esasy ugurlary, görnüşleri we öňüni alyş taýdan täsir etmegiň usullary bellenildi. Agzalan kanunda “Hukuk bozulma” diýen düşünjä kesgitleme berlip, hukuk bozulmalarynyň öňüni almaklygyň subýektleri we hukuk bozulmalarynyň öňüni almaga gatnaşýan şahslar hem-de olaryň ygtyýarlyklary bellenilýär.

Hukuk tertibini we jemgyýetçilik howpsuzlygyny üpjün etmek hem-de hukuk bozulmalarynyň öňüni almak işiniň mundan beýläkde kämilleşdirmek maksady bilen, ylymyň, hususan-da hukuk ylmynyň gazananlaryny giňden ulanmak arkaly ýokarda agzalan jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän täze hukuk namalarynyň taslamalaryny işläp taýýarlamak we kabul etmek, bar bolanlaryna ylmy taýdan esaslandyrylan üýtgetmeleri hem-de goşmaçalary girizmek, şeýle hem degişli konsepsiýalary, maksatnamalary kabul etmek, kada döredijilik işine alymlary, tejribeli hünärmenleri çekmek hem-de bu işleri toplumlaýyn we maksatnamalaýyn esasda alyp barmak zerur bolup durýar. Sanalyp geçilenleriň amal edilmegi hukuk tertibini we jemgyýetçilik howpsuzlygyny üpjün etmek hem-de hukuk bozulmalarynyň öňüni almak işiniň hukuk binýadynyň berk we kämil bolmagyna özüniň saldamly goşandyny goşar.

Rahat Torayew
(Turkmenistan)

IMMEDIATE ISSUES OF IMPROVING LEGAL SUPPORT OF LAW ENFORCEMENT AND CRIME PREVENTION ACTIVITIES

Ensuring the legal order and public safety is an important condition for the successful implementation of activities aimed at socio-economic development of the country.

In order to ensure the legal order and public safety and to further improve activities in preventing violations of the law it is necessary to widely use the achievements of science, in particular, the science of law, to develop and adopt new legal acts regulating the above-mentioned social relations, to scientifically review the existing ones, to introduce reasonable changes and additions, as well as to adopt relevant concepts and programs, to involve scientists and experienced specialists in the creation of the code. As a whole, all these activities should be carry out on an integrated and programmatic basis.

Рахат Тораев
(Туркменистан)

АКТУАЛЬНЫЕ ЗАДАЧИ СОВЕРШЕНСТВОВАНИЯ ПРАВОВОГО ОБЕСПЕЧЕНИЯ ДЕЯТЕЛЬНОСТИ ПО ПОДДЕРЖАНИЮ ПРАВОПОРЯДКА И ПРОФИЛАКТИКЕ ПРАВОНАРУШЕНИЙ

Обеспечение правопорядка и общественной безопасности выступает ключевым фактором успешной реализации мер, нацеленных на социально-экономическое развитие страны.

В целях дальнейшего совершенствования деятельности по поддержанию правопорядка и общественной безопасности, профилактике правонарушений требуется, опираясь на последние научные достижения, в том числе в области юриспруденции, разработать и принять новые нормативно-правовые акты, регулирующие вышеуказанные общественные отношения, внести в действующие акты научно обоснованные изменения и дополнения, принять целевые концепции и программы. В целом необходимо осуществлять данную деятельность на комплексной и программной основе, привлекая профильных учёных и опытных специалистов.

Maral Kuliýewa
(Türkmenistan)

PEDAGOGIK BILIMIŇ AÝRATYNLYKLARY

Pedagogik ugurly ýokary okuw mekdeplerinde taýýarlanýan hünärmenleriň hünär ugurlaryny düýpli özleşdirmekleri, bilimlerini dilden beýan ediş ukybyny özbaşdak işläp ösdürmek üçin, ilkinji nobatda, pedagogika ylmynyň talaplary berjaý edilmelidir. Bu talaplary berjaý etmekde hünärmenleriň öwrenmeli okuw usullary bardyr. Şeýle usullaryň kömegi bilen her mugallym öwredýän dersi barada gerek maglumaty alýar, ony seljerýär, zerur derejede täzeden işleýär we öz bilimler ulgamyna goşýar. Öwrenilýän usullara düşünmek olar barada dogry netije çykarmaga mümkinçilik berýär.

Pedagogika ylmynyň aýratynlyklaryny ýüze çykarmak üçin, ilkinji nobatda, bu ylmy ugra degişli usulyýeti özleşdirmek zerurdyr. Mysal hökmünde **adaty** we **innowasion** pedagogik usullary görkezmek bolar.

1. Adaty usullar. Bu pedagogika ylmynyň ösüş taryhyny esaslandyran alymlardan miras galan usullardyr. Olary Platon, Kwintilian, Komenskiý we

В настоящее время под руководством Президента Сердара Бердымухамедова Туркменистан успешно осуществляет культурную политику, которая достойно продолжает благородные идеи Махтумкули. Творчество этого гениального поэта и философа исследуется научно и всесторонне как внутри страны, так и за ее пределами. Сегодня поэзия Махтумкули Фраги звучит особенно сильно и является посланником доброй воли туркменского народа для развития дружественных отношений и укрепления международных гуманитарных связей. Своими произведениями Махтумкули Фраги раскрывает разнообразные аспекты жизни и духовности, погружаясь в философские рассуждения о природе любви, справедливости, свободе, истины и красоте. Его стихи пронизаны глубокими мыслями о человеческих ценностях и нравственности, вызывая читателя на размышление и самоанализ. Он утверждает, что истинное счастье заключается в самопознании и в поиске гармонии внутри себя.

Неотъемлемой частью философского наследия Махтумкули Фраги являются его идеи о любви и красоте. Он утверждает, что красота может быть обнаружена в самых обычных моментах жизни, если умеем открыть глаза и сердце. Своими стихами Фраги призывает нас открыться к любви, поскольку она способна превращать мир и приносить людям счастье и радость. В целом, философское наследие Махтумкули Фраги – это сокровищница мудрости и понимания, позволяющая читателю более глубоко погрузиться в свои мысли и эмоции. Его творчество до сих пор остается актуальным и вдохновляет нас, помогая понять смысл жизни и осознать свою внутреннюю силу.

Стро Замечательные строки Махтумкули, переведенные на разные языки, находят отклик в сердцах людей по всему миру. Великому туркменскому классику поставлены памятники в России, Турции, Иране, Узбекистане, Украине и многих других странах.

Negmatjan Almetow
(Gazagystan)

MAGTYMGULYNYŇ MIRASY WE MERKEZI AZIÝA HALKLARYNYŇ PEDAGOGIK MEDENIÝETI

Magtymgulynyň mirasy Merkezi Aziýanyň halklarynyň ruhy durmuşyna çuňňur aralaşdy. Magtymgulynyň şahsyýeti we döredijiligi goňşy halklaryň hem-de ýurtlaryň şygryýetinde aň-bilim däpleriniň döremegine uly täsir edipdir. Magtymgulynyň şygryýeti soňky asyrlaryň Merkezi Aziýa ýurtlarynyň şahyrlarynyň eserlerinde aýdyň görünýän halk bilim taglymlary bilen baglanyşykly. Magtymgulynyň döredijiliginiň ruhy we ahlak potensialy sanlylaşdyrma döwründe Merkezi Aziýa ýurtlarynyň ýaşlaryny bilim we terbiýe taýdan geljekli ýola atarýar.

Negmatzhan Almetov
(Kazakhstan)

THE HERITAGE OF MAGTYMGULY AND THE PEDAGOGICAL CULTURE OF THE PEOPLES OF CENTRAL ASIA

The legacy of Magtymguly deeply penetrated the spiritual life of the peoples of Central Asia. The personality and creativity of Magtymguly had a huge influence on the formation of the traditions of enlightenment in the poetry of neighboring peoples and countries. Magtymguly's poetry is associated with the ideas of folk education, which can be clearly seen in the works of poets of the Central Asian countries of the following centuries. The spiritual and moral potential of Magtymguly's creativity has great prospects in terms of education and upbringing of the youth of Central Asian countries in the era of digitalization.

Негматжан Алметов
(Казахстан)

НАСЛЕДИЕ МАХТУМКУЛИ И ПЕДАГОГИЧЕСКАЯ КУЛЬТУРА НАРОДОВ ЦЕНТРАЛЬНОЙ АЗИИ

Празднование 300-летия выдающегося поэта и философа Махтумкули Фраги, инициированное уважаемым Президентом Туркменистана Сердаром Бердымухамедовым, является важным шагом на пути духовного единства

центральноазиатских стран, активизирует обращение к творчеству поэта в сфере воспитания подрастающего поколения. Наследие выдающегося туркменского поэта Махтумкули на протяжении несколько столетий глубоко проникло в духовную жизнь сопредельных народов и стран. Стихи, наполненные идеями гуманизма, свободы и мира быстро распространялись и среди соседних народов, воспринимались ими как “свое”, “родное”. К примеру, немало песни на стихи Махтумкули у узбеков, которые получили достойное место из золотого фонда песенного искусства узбекского народа.

Личность и творчество Махтумкули оказало огромное влияние на развитие педагогической культуры народов Центральной Азии. Биография Махтумкули описывает поэта как разностороннюю совершенную личность, получившего лучшее для своего времени образование, владеющего ведущими языками той эпохи, мобильного и прагматичного человека, путешествующего в разные страны, сочетающего интерес к знаниям, книге с владением несколькими ремеслами. Махтумкули принадлежит поэтическое толкование многих сложных тем развития человеческого бытия. Поэтический дар мыслителя позволил ему в доступной форме излагать глубинные социальные проблемы своей эпохи, предложить способы их решения.

Прогрессивные социальные воззрения Махтумкули легли в основу его передовых педагогических идей. Махтумкули выступал как идеолог гуманного мировоззрения своей эпохи. Нравственно-педагогические идеи Махтумкули, отраженные в его поэзии, распространялись, скорее всего, среди народов современного Туркменистана, Узбекистана, Казахстана, Кыргызстана и Таджикистана, а далее по разным концам света.

Притягательной силой педагогических идей Махтумкули была идея народности воспитания, требующей преемственной связи воспитания с историей, языком, культурой, обычаями и традициями, характером народа. Великая заслуга Махтумкули состоит в его успешных усилиях сближения туркменского поэтического языка с народным творчеством. В этом процессе он стал ярким образцом для народных поэтов и просветителей Центральной Азии следующих столетий – А.Кунанбаева, И.Алтынсарина, М.Жумабаева, А.Байтурсынова, Х.Х.Ниязи, А.Авлони, С.Айни и других корифеев поэзии, просветительско-педагогической мысли. Наследие Махтумкули создает базу для формирования единого пространства духовно-нравственного становления учащихся молодёжи стран Центральной Азии, разрешения насущных проблем воспитания подрастающего поколения цифровой эпохи.

Liliýa Muhametzýanowa
(Russiýa)

HALK DÖREDIJILIGINDE DESSANYŇ KITAP GÖRNÜŞINIŇ EMELE GELMEGINIŇ TARYHY

Dessanlar – halkyň durmuşyny giňden epik möçberde şekillendirýän has gymmatly ruhy mirasdyr. Makalada milli epiki döredijiligi aýratynlyklary barada esasy maglumatlaryň umumy beýan berilýär.

Awtor türkmen şadessanynyň we Gadymy Gündogaryň ýazuw medeniýetiniň tatar epos-dastanlarynyň emele gelmegine we ösmegine täsirini derňeýär, halkyň epik medeniýetiniň düýtleýin esaslaryny ýüze çykarmagyň aspektinde olaryň poetikasynyň aýdyňlyklaryny açýar. Makalada tatar şadessany arhaika, ýokary pikirler, şahyrlyk gözelligi saklaýan janr edilip görkezilýär. Merkezi Aziýanyň belli bir akyldar şahyrynyň ýa-da olaryň sözli ýerine ýetirýän ince we akylly lirikasy bolan dessanlaryň we tatarlaryň kitap şadessanynyň arasynda paraleller geçirilýär.

Ylymlar akademiýasynyň Galimjan Ibrahimow adyndaky Dil, edebiýat we sungat institutynyň Ýazuw miras merkeziniň gaznalarynda saklanýan ilkinji ýazuw çeşmeleriniň giňden barlagyna esaslanylýar.

Liliya Mukhametzyanova
(Russia)

THE HISTORY OF THE FORMATION AND CONSOLIDATION OF THE BOOK VARIETY OF DASTAN IN FOLKLORE

Dastans are voluminous, varying works depicting the life of the people on a wide epic scale, which is why the author of the study considers them the most valuable spiritual heritage of all the creative heritage. The article presents a summary of key information about the peculiarities of national epic creativity.

The author examines the influence of the Turkic epic and the written culture of the Ancient East on the formation and development of Tatar epics, reveals the depth and features of their poetics in terms of identifying the fundamental foundations of the epic culture of the people. The article presents the Tatar epic as a genre that has preserved archaic, lofty ideas, and poetic beauty; parallels are drawn between the dastans (destans), which became the subtle and wise lyrics of a certain poet-sage of Central Asia or orally performed by them, and the book epic of the Tatars.

The research is based on a wide range of primary sources of written origin, stored in the funds of the G. Ibragimov Center for Written Heritage and History of the Academy of Sciences of the Republic of Tatarstan.

Лилия Мухаметзянова
(Россия)

ИСТОРИЯ ФОРМИРОВАНИЯ И ЗАКРЕПЛЕНИЯ КНИЖНОЙ РАЗНОВИДНОСТИ ДЕСТАНА В ФОЛЬКЛОРЕ

Дестан – самый крупный эпический жанр в фольклоре тюркоязычных народов, в том числе татар. Он включает в себя произведения, создающие этническую картину мира о прошлом в архаико-мифологическом, историко-героическом или романтическом планах, изображающие захватывающие истории, которые связаны с мистическими и природными силами, внешними и внутренними врагами, а также с любовными и иными драмами. В дестанном эпосе жизнь народа изображается в широком эпическом масштабе, именно поэтому из всего творческого наследия автор исследования считает их наиболее ценным духовным наследием. В статье представлено обобщенное изложение ключевых сведений об особенностях национального эпического творчества.

В фольклоре ряда восточных и тюркоязычных народов эпос или дестан издавна играл роль катализатора и кода-определителя, отражающего уровень развития эпического фольклора. Как и сюжеты многих других прославленных произведений поэзии Востока, сюжет и образы дестана подсказаны традицией поэтических сказаний, веками бытовавших в народном сознании. В целом эпос-дестан – очень сложное явление, которое изменяется и формируется одновременно с процессом формирования народов и государств.

Автор рассматривает влияние тюркского эпоса и письменной культуры Древнего Востока на формирование и развитие татарских дестанов, раскрывает глубину и особенности их поэтики в аспекте выявления фундаментальных основ эпической культуры народа. В статье татарский эпос представляется жанром, сохранившим архаику, высокие идеи, поэтическую красоту; проводятся параллели между дестанами, ставшими тонкой и мудрой лирикой определенного поэта-мудреца Средней Азии или же устно исполняемыми ими, и книжным эпосом татар.

Главное для правильного понимания особенностей любого национального эпоса – это обоснованная интерпретация его идейно-художественного содержания, а также истолкование формы и путей передачи из поколения в поколения, ибо речь идет о материале, который мало известен не только широкому кругу, но и узкому кругу специалистов. Исследование основывается на широком спектре первичных источников письменного происхождения, хранящихся в фондах Центра письменного наследия ИЯЛИ им. Г. Ибрагимова АН РТ.

Leýla Dawletshina
(Russiýa)

“TATAR HALK DÖREDIJILIGI” ATLY 25 TOMLUK AKADEMIKI NEŞIRI TAÝÝARLAMAGYŇ TEJRIBESINDEN

Bu çykyş, tatar dilinde 25 tomdan ybarat “Tatar halk sungaty” ýygyndysyny taýýarlamagyň käbir netijeleri barada gürrüň berýär. Esasy neşir taýýarlamak üçin taslama Dil, edebiýat we sungat instituty tarapyndan işlenip düzüldi we durmuşa geçirilýär. Tatarystan Respublikasynyň Ylymlar akademiýasyndan G. Ibragimowyň 25 tomdan ybarat “Tatar halk döredijiligi” neşiri tatar halk döredijiliginiň ähli žanrlaryny öz içine alýar. Neşir tatar halk döredijiliginiň dürli žanrlaryndan: “Mifologiýa”, “Däp-dessur halk döredijiligi”, “Ertekiler”, “Dessanlar”, “Kitap dessanlary”, “Jedeller”, “Süleýmanyň pähimleri we sözleri”, Aýry-aýry jiltlerden ybarat. “Mazeki”, “Baýts”, “Munajaty”, “Rowaýatlar we däp-dessurlar”, “Jyyrlar”, “Çagalaryň halk döredijiligi”, olaryň käbirleri birnäçe kitapdan ybarat. 2021–2023-nji ýyllarda eseriň dokuz tomy çykdy (“Mifologiýa”, “Däp-dessur halk döredijiligi”, “Tatar halk ertekileri” (6 tom), “Dessanlar”).

Leyla Davletshina
(Russia)

FROM THE EXPERIENCE OF PREPARING A 25-VOLUME STORY ACADEMIC PUBLICATION “TATAR FOLK ART”

This speech talks about some of the results of the preparation of the 25-volume collection “Tatar Folk Art” in the Tatar language. The project for preparing a fundamental publication was developed and is being implemented by the Institute of Language, Literature and Art named after. G. Ibragimov of the Academy of Sciences of the Republic of Tatarstan.

The academic 25-volume publication “Tatar Folk Art” covers all genres of Tatar folklore. The publication consists of separate volumes, including texts from different genres of Tatar folklore: “Mythology”, “Ritual folklore”, “Fairy tales”, “Dessans”, “Book dessans”, “Riddles”, “Proverbs and sayings”, “Mazeki” , “Bayts”, “Mu-najaty”, “Legends and Traditions”, “Yyrlar”, “Children’s folklore”, some of which are several books. In 2021–2023 Nine volumes of the series were released (“Mythology”, “Ritual folklore”, “Tatar folk tales” (6 volumes), “Dassans”).

Лейла Давлетшина
(Россия)

ИЗ ОПЫТА ПОДГОТОВКИ 25-ТОМНОГО АКАДЕМИЧЕСКОГО ИЗДАНИЯ “ТАТАРСКОЕ НАРОДНОЕ ТВОРЧЕСТВО”

В условиях интенсивной ассимиляции народов и унификации традиционных культурных ценностей возрастает необходимость в сохранении духовного наследия различных этносов посредством фиксации фольклорных образцов, их последующей публикации и тщательного планомерного изучения. К началу XXI века в различных регионах Российской Федерации увидели свет многотомные издания национального фольклора. Среди них такие академические серии как “Свод памятников фольклора народов Дагестана” (в 20 т.), “Башкирское народное творчество” (в 12 т.), “Памятники фольклора народов Сибири и Дальнего Востока” (в 60 т.), “Устно-поэтическое творчество мордовского народа” (в 12 т.), “Чувашское народное творчество” (в 13 т.), “Татарское народное творчество” (в 13 т.) и др., которые нашли достойное место среди научных достижений фольклористики XX века.

Опыт публикации фольклорного материала, наработанный в указанных изданиях, а также современное развитие фольклористической мысли в Татарстане позволило задуматься о новом крупномасштабном проекте, основанном на публикации всех жанров татарского фольклора в их живом бытовании. Фундаментальным проектом в этой области является 25-томный свод “Татарское народное творчество” на татарском языке, подготовленный Институтом языка, литературы и искусства им. Г. Ибрагимова Академии наук Республики Татарстан (руководитель проекта – директор ИЯЛИ им. Г. Ибрагимова АН РТ, доктор филологических наук, профессор К.М. Миннуллин).

Академическое 25-томное издание “Татарское народное творчество” охватывает все жанры татарского фольклора: “Мифология”, “Обрядовый фольклор”, “Сказки”, “Дастаны”, “Книжные дастаны”, “Загадки”, “Пословицы и поговорки”, “Мэзэки”, “Баиты”, “Мунаджаты”, “Легенды и предания”, “Җырлар”, “Детский фольклор”, некоторые из которых представляют собой несколько книг. В 2021–2023 гг. увидели свет девять томов серии (“Мифология”, “Обрядовый фольклор”, “Татарские народные сказки” (6 т.), “Дастаны”).

Комплексная природа фольклора, понимаемая составителями издания как устная вербальная традиция разных народов, доступная в живом функционировании или в фиксациях на различных носителях, обусловила применение комплексного подхода к систематизации и публикации имеющихся материалов.

Во-первых, была поставлена задача представить фольклорную традицию как сложное системное явление во всем многообразии ее форм, что предполагало обязательное воссоздание этнографического контекста того или иного фольклорного текста в аспекте живого бытования.

Во-вторых, научное осмысление разножанровых фольклорных текстов татар в едином ключе позволило ввести в научный оборот опубликованные и неопубликованные архивные источники, полевые записи второй половины XX и начала XXI века, материалы, содержащиеся в работах историков, диалектологов, этнографов, краеведов и др., которые до этого не привлекались.

В-третьих, особое внимание при отборе текстов для включения в издание уделялось значимости того или иного фольклорного явления для народной культуры в целом, возможности передачи посредством этого текста культурных кодов, заложенных в генетической памяти народа.

Во всех томах серии тексты воспроизводятся без каких-либо искажений и литературного вмешательства с обязательным сохранением подлинной народной речи, а комментарии призваны точно задокументировать публикацию, снабдить текст необходимым толкованием.

Wenera Makarowa
(Russiýa)

DEGIŞME GÜNDOGARYŇ ŞAHYRANALYK KATEGORIÝASY HÖKMÜNDE

Makala, gündogarşynaslaryň “gündogar adamynyň” mentalitetine bolan garaýyşlaryny we düşünjelerini taryhy taýdan gözden geçirmäge bagyşlanýar. Bu materialdan ugur alyp, Gündogar medeniýetindäki gülkä, ýagny oňa aýratyn garaýşy kesgitlemek synanyşygy edilýär. Komiksiň üýtgeýän görnüşini anyklamak üçin möhüm faktorlar kesgitlenildi. Dini däp-dessurlaryň milli medeniýetleriň emele gelmegine täsiri subut edildi.

Venera Makarova
(Russia)

THE COMIC AS A CATEGORY OF ORIENTAL POETICS

The article is devoted to a historiographical review of the views and concepts of Orientalists concerning the mentality of the “Oriental man”. Based on this

material, an attempt is made to define a special relationship to laughter, to the comic in Eastern culture. The factors that are important for determining the variable representation of the comic are revealed. The influence of religious traditions on the formation of national cultures is proved.

Венера Макарова
(Россия)

КОМИЧЕСКОЕ КАК КАТЕГОРИЯ ВОСТОЧНЫХ ПОЭТИК

Статья актуальна, поскольку определение ментальных и культурных особенностей “Востока” напрямую связано с выявлением национальных особенностей проявления комического в отдельных национальных литературах. На материале подобных наблюдений имеем возможность определения философско-эстетических особенностей смыслопорождения в татарской комической литературе.

Хотя в основе комического дискурса лежат универсальные логико-смысловые закономерности, на каждой фазе исторического развития и в культурной практике разных народов они реализуются в неповторимой форме.

Вариативную репрезентацию эстетических категорий определяет множество факторов, наиболее значимыми из которых являются религиозные традиции, “процедуры” формирования смысла, особенности мировосприятия на Востоке.

Annagül Abdyrahmanowa
(Türkmenistan)

TÜRKMEN JEMGYÝETINIŇ YNSANPERWER ÝÖRELGELERINI ÖWRENMEGIŇ DERWAÝYSLYGY

Her bir halky beýleki bir halkdan tapawutlandyrýan aratapawutlar: gylyk-häsiýetler, däp-dessurlar, edep-ekramlar bolupdyr. Olar hem şol milletiň aýratynlyklary hökmünde kemala gelip, ösüp, saklanyp nesilden-nesle geçip gelipdir. Şol ahlak gymmatlyklary olary beýleki milletlerden tapawutlandyrýarlar. Şonuň üçin hem, ol ýa-da beýleki millete pylany millet, halk diýilýär. Ol milletiň, halkyň nesli ata-babalarynyň döreden, indiki nesle miras goýan ruhy baýlyklaryna guwanýar, buýsanýar, olary berjaý edýär, ösdürýär, kämilleşdirýär we nesillerine geçirýär.

Türkmen halkymyzyň ajaýyp gylyk-häsiýetlerini, edep-ekramlaryny, däp-dessurlaryny soňky ýüzýyllyklarda ýurdumyza dürli maksatlar bilen gelen ençeme syýahatçylar, harbylar, alymlar we beýleki adamlar ýazan işlerinde haýran galmak bilen belläpdirler.

Edep kadalary etnografiýa ylmynda täze dörän we diňe soňky döwürde özbaşdak, ýörite öwrenilip başlan ylmy ugurdyr. Bu bütin Aziýa, şol sanda Merkezi Aziýa halklary babatynda-da şeýledir. Russiýaly, tanymal sowet-rus etnografy A.M.Reşetow: "Orta Aziýa halklarynyň edebi barada örän az iş ýazylandyr, ýörite ýazylan iş ýok diýerlikdir. Bar işler hem monografiki, ylmy derňewler däl-de, oçerk häsiýetli ýazgylardyr" diýip, örän ýerlikli nygtaýar.

Ylmy we durmuşy nukdaýnazardan seredenimizde edep şahsyýetiň maşgalada, jemgyýetde özüni alyp barmaklygynyň jemgyýet tarapyndan kabul edilen, unalan, ýöne ýazylmadyk kada-kanunlarydyr, tertibidir, düzgünleridir. Ol şahsyýetiň maşgalada maşgala agzalary, jemgyýetde jemgyýetiň beýleki agzalary, garyndaşlary, obadaşlary, ildeşdeşleri we gaýry ýurtlardan gelen adamlar bilen gatnaşyklaryny tertipleşdirýär, umumy kabul edilen kada-kanuna öwürýär. Şeýlelikde, jemgyýet şol düzgünleri umumy ýörelge hökmünde kabul edýär.

Türkmen jemgyýetinde dowam eden ynsanperwerlik, adamkärçilik edep kadalaryny ulgamlaşdyrmak, olaryň özboluşly aýratynlyklaryny öwrenmek, ýitip barýan edep-ekramlarymyzyň inçe taraplaryny ýüze çykarmak maksady bilen ylmy barlaglary çuňlaşdyrmak wajypdyr.

Gahryman Arkadagymyzyň "Türkmen medeniýeti", "Enä tagzym-mukaddeslige tagzym", "Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi" atly kitaplarynda, "Älem içre at gezer", "Döwlet guşy" romanlarynda türkmen jemgyýetindäki ynsanperwerlik barada gymmatly maglumatlar beýan edilýär. Gahryman Arkadagymyzyň köp ugurlaýyn pikir ýöretmeleriniň, çuňňur ylmy seljermeleriniň esasyny özünde jemleýän "Türkmen medeniýeti" atly gymmatly çeşmä öwrülen bu işde medeniýet düşünjesine aýratynlykda – maddy we ruhy manylar boýunça giňişleýin derňewler bagyşlanypdyr. Gahryman Arkadagymyz milli medeniýetimiziň ruhy gymmatlyklaryny ösdürmek hem dowam etmek meselelerine uly ähmiýet berýär.

Gahryman Arkadagymyzyň howandarlygynda çap edilen "Paýhas çeşmesi" atly kitapda beýan edilen nakyllar atalar sözleri taryhymyza, pederlerimize hormatymyzy, olaryň döreden ruhy-edebi gymmatlyklaryna sarpamyzy, guwanjymyzy artdyrýar. Olaryň durmuş tejribeleri, jemgyýetdäki edep kadalary esasynda nakyllardyr atalar sözleriniň giden bir ummanyny döredendigi aýdyň görünýär. Edep hakynda ylmy barlaglaryň taryhy köklerini ýüze çykarmakda esasy çeşmeler hökmünde "Oguznama", "Gorkut ata", "Görogly" dessanlaryna ýüzlenmeli bolýarys. Milli ynsanperwerlik ýörelgelerimizi öwrenmekligiň beýleki bir möhüm çeşmesi hem nusgawy şahyrlarymyzyň, ilkinji nobatda-da Magtymgulynyň goşgularydyr. Olarda milli edebimiziň köpugurly ýörelgeleri beýan edilipdir.

Türkmen etnograflary akademik A.Jykyýewiň, Ç.Ýazlyýewiň, Ş.Annagylyjowyň, A.Täjowyň, M.Durdyýewiň, G.Öwezberdiýewiň, G.Nyýazgylyjowyň ylmy işlerinde türkmen maşgalasy, edep kadalary, toý we maşgala dessurlary barada az-kem maglumatlar bar. Şol maglumatlar biziň ylmy barlaglarymyzy alyp barmagymyzyň edebiýat gory bolup durýar.

Annagul Abdyrahmanova
(Turkmenistan)

THE DESIRE TO LEARN THE HUMANIZATION OF TURKMEN SOCIETY

There were differences that distinguished each nation from another nation: behaviors, customs and manners. They were formed, developed and preserved from generation to generation as characteristic of that nation. Those moral values distinguish them from other nations.

Valuable information about humanitarianism in the Turkmen society is presented in the wise books of our Hero Arkadag. Our Hero Arkadag comprehensively explained the problems of developing and continuing the spiritual values of our national culture. Many tourists, soldiers, scientists and other people who came to our country with various purpose in recent centuries have admired the wonderful behavior, manners and traditions of the Turkmen people in their writings. It is important to deepen scientific research in order to systematize humanism and humane ethics norms, studying their unique features and reveal the subtle aspect of our disappearing ethics.

Аннагуль Абдырахманова
(Туркменистан)

ВАЖНОСТЬ ИЗУЧЕНИЯ ГУМАНИСТИЧЕСКИХ ПРИНЦИПОВ ТУРКМЕНСКОГО ОБЩЕСТВА

Были различия, которые отличали одну нацию от другой: поведение, привычки, обычаи, традиции и манеры. Они формировались, развивались и сохранялись из поколения в поколение как характеристики данной нации.

Ценные сведения о гуманизме в туркменском обществе изложены в мудрых книгах нашего Героя – Аркадага. Наш Герой – Аркадаг подробно описал проблемы развития и продолжения духовных ценностей нашей национальной культуры. Многие туристы, ученые люди самых разных специальностей,

посещавшие в нашу страну с различными целями в последние два-три века, в своих произведениях восхищались прекрасным поведением, нравами и традициями туркменского народа. Важно углубить научные исследования, чтобы систематизировать сохранившиеся в туркменском обществе нормы гуманизма и человеколюбия, изучить их своеобразие, выявить тонкие стороны нашей исчезающей этики.

Söýenç Ahmedow, Nowruz Myratdurdyýew
(Türkmenistan)

MAGTYMGULY PYRAGY GEÇMIŞIŇ, ŞU GÜNÜŇ WE GELJEGIŇ ŞAHYRY

Beýik söz ussady Magtymguly Pyragy synmaz, özygtyýarly türkmen döwletini, agzybirligi, jebisligi arzuw eden hakyky watançydyr. Magtymguly atamyz türkmen medeniýetini, sungatyny, durmuşyny, taryhyny, halkyny beýgelden beýik söz ussadydyr. Magtymguly ýaly beýik akyldary dünýä beren türkmen halky bu günki gün onuň şahsyýetini, şygyrlarynyň gymmatyny hormatlap, akyldaryň adyny sarpalaýar. Çünki Magtymguly Pyragy – halkyň şirin zybany hem päk ahlagy. Ol geçmişiň, şu günüň, geljegiň şahyry hökmünde ykrar edilendir. Akyldar şahyrymyz diňe bir türkmen halkynyň däl-de, eýsem, dünýä halklarynyň arasynda hem türkmen edebiýatyny Ýer ýüzüne äşgär eden ussatdyr. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň pähim-paýhaslary bilen akyldaryň hormatyna Köpetdagyň eteginde gurulýan ýadygärlik Magtymguly Pyragynyň döredijiligini, filosofik garaýyşlaryny, abraý-mertebesini arşa göterýär. Magtymguly Pyragy adamzadyň arzylaýan akyldarydyr.

Akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragyny türkmen topragynyň ajaýyp tebigaty, giňişlikleri, sähralary, daglary we düzleri, deňizdir derýalary, hoşniýetli adamlary, ýakymly owazlary, halkymyzyň ynsanperwer ýörelgeleri beýik eserleri döretmäge ruhlandyrypdyr. Gahrymançylyga, watançylyga, durmuş gözelligine söýgi, türkmen halkynyň sazlaşykly, parahat, abadan durmuşy özygtyýarly döwlet baradaky arzuwlar Magtymguly Pyragynyň eserleriniň özenini düzýär.

Gahryman Arkadagymyz “Ynsan kalbynyň öçmejek nury” atly kitabynda: “Magtymguly türkmeniň kalbyna iň beýik ynanç, aňyna bolsa durmuşyň ýagşy-ýamanyny hatasyz seljerýän mähek daşy, göreçlerine öçmejek nur bolup çaýyldy” diýip nygtaýar. Munuň şeýledigini akyldar şahyrymyzyň golýazmalar toplumynyň BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň “Dünýäniň hakydasy” maksatnamasynyň halkara sanawyna hem-de Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygynyň 2024–2025-nji ýyllarda ÝUNESKO

bilen bilelikde bellenilip geçiljek şanly seneleriň sanawyna girizilmegi nusgawy şahyrymyzyň döredijiliginiň dünýä derejesinde ykrar edilýändiginiň aýdyň subutnamasydyr.

Gündogaryň beýik akyldary we danasy Magtymguly Pyragy özüniň çuňňur pähim-paýhasyna ýugrulan şygyrlary bilen ynsan kalbynda baky orun aldy. Häzirki döwürde Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllyk şanly senesini giňden bellemäge döwletimiz tarapyndan uly taýýarlyk görülýär. Bu uly toý türkmen halkynyň akyldar şahyryna goýýan belent hormat-sarpasynyň, dünýä ýüzündäki abraý-mertebesiniň näderejede uludygynyň aýdyň subutnamasyna öwrüler.

XVIII asyrdan bäri Magtymguly Pyragy her bir türkmeniň öýünde, kalbynda, aňynda ýaşap gelýär. Türkmen diýlende, Magtymguly, Magtymguly diýlende türkmen diýlen söz biygtyýar ýadyňa düşýär. Beýik akyldar bütin ömürboýy ilinehalkyna hyzmat edipdir, ähli ukybyny, başarnygyny şoňa bagyşlapdyr. Watana bolan çäksiz, gyzgyn söýgi, uly buýsanç Magtymguly Pyragynyň goşgularynda belent owaz bilen ýaňlanýar. Şeýle mähirli garaýyşlar bilen hem ol il-ýurdunyň abadançylygyny, bagtly, gözel durmuşda ýaşamagyny, ähli işleriniň rowaçlanmagyny arzuw edipdir.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynysyň döwründe her bir sözi diňe bir halkymyzyň däl-de, umumadamzadyň köňül nagşyna öwrülen Magtymguly Pyragynyň döredijiligini öwrenmekde, dünýä ýüzüne ýaýmakda, ony nepisligi bilen geljekki nesillere ýetirmekde, şahyryň mertebesini belent derejelere götermekde tutumly işler amala aşyrylýar. Her bir pursat, her bir gün buýsandyryjy wakalara beslenýär. Ajaýyp döwürde – Magtymguly Pyragynyň arzuwlan eýýamynda ýaşamagam, şeýle şanly senelere şaýat bolmagam bagtdan nyşan.

Gahryman Arkadagymyzyň nygtaýşy ýaly, Garaşsyz ýurdumyzda döwletimiz tarapyndan halkymyzyň gymmatly medeni mirasyny wagyz etmek, nusgawy edebiýatymyzyň meşhur şahsyýetleriniň eserlerini halkara derejede ýaýmak ugrunda uly tagallalar edilýär. Bu babatda beýik akyldar, söz ussady Magtymguly Pyragy aýratyn orun eýeleýär. Onuň döredijiligine bütin dünýäde uly sarpa goýulýar. Sebäbi beýik şahyryň şygyrlarynda Watana söýgi, ynsanperwerlik, parahatçylyk söýüjilik, döredijilige, dost-doganlyga çagyryş ýaly hiç haçan ähmiýetini ýitirmejek umumadamzat gymmatlyklary öz aýdyň beýanyny tapýar.

Soyench Ahmedov, Novruz Myratdurdyyev
(Turkmenistan)

MAGTYMGULY PYRAGY IS A POET OF THE PAST, PRESENT AND FUTURE

In the epoch of the Revival of a New Era of the Powerful State, efforv are being made to study the work of Magtymguly Pyragy, every word of which became an inspiration not only to our people, but also to all mankind, to spread it around the world, to transmit it to future generations with its elegance, to raise the dignity of the poet. to the highest level. It is a sign of happiness that we live in a wonderful time - the era that Magtymguly Pyragy dreamed of.

The creation of great works by our wise poet Magtymguly Pyragy was inspired by the beautiful nature of the Turkmen land, its vastness, desert, mountains and plains, seas and rivers, goodwill people, pleasant voices, and humanitarian principles of the people. Heroism, patriotism, love for the beauty of life, and dreams of the Turkmen people for a sovereign state with a harmonious, peaceful, and prosperous life are mentioned in the main works of Magtymguly Pyragy.

Соенч Ахмедов, Новруз Мыратдурдыев
(Туркменистан)

МАХТУМКУЛИ ФРАГИ – ПОЭТ ПРОШЛОГО, НАСТОЯЩЕГО И БУДУЩЕГО

В эру Возрождения новой эпохи могущественного государства предпринимаются усилия по изучению творчества Махтумкули Фраги, каждое слово которого стало вдохновением не только нашего народа, но и всего человечества, для распространения его по всему миру, для передачи его будущим поколениям.

На создание великих произведений нашего мудрого поэта Махтумкули Фраги вдохновила прекрасная природа туркменской земли, просторы, пустыни, горы и равнины, моря и реки, добрые люди, гуманитарные принципы народа. Героизм, патриотизм, любовь к красоте жизни, мечты туркменского народа о суверенном государстве с гармоничной, мирной, благополучной жизнью составляют суть творчества Махтумкули Фраги.

Ogulbäbek Amandurdyýewa, Güljahan Amandurdyýewa
(Türkmenistan)

MAGTYMGULYNYŇ ÇEPERÇILIK GÖZLEGLER DÜNÝÄSI

Gahryman Arkadagymyzyň: "Bizi gurşap alýan tebigat diňe bir ýaşaýyş gurşawy bolman, eýsem döreýiş gurşawydyr" diýip belleýşi ýaly, adamzat siwilizasiýasy ösüş basgançaklarynda tebigatdan çykyp jemgyýete gelýän ýoly geçdi. Şol esasda tebigat bilen jemgyýetiň arasyndaky gatnaşygyň derejesi, adamyň ruhy ösüşine täsir edýär. Tebigat hem oňa adam hakydasynyň gatnaşygy şygryýetde ýüze çykýar. Magtymgulynyň döredijiliginde adam we tebigat gatnaşyklary işlenende şahyrlaryň çeperçilik gözlegler dünýäsindäki özboluşlylygyny, şahyryň bu meselede hususy we psihologik aýratynlygyny we umumy döwre mahsus umumylygyny kesgitlemek bolar. Şahyrlaryň daş-töweregindäki dünýä gatnaşygy, gözelligi duýuş ukybynyň çeper döredijilikde ýüze çykarylyşy, döredijiliginiň özboluşly aýratynlygy, tebigaty çeper söz ussatlygy bilen suratlandyrmagyny ýüze çykarýar,

Edebiýatda hakyky tebigatyň gözelliklerini suratlandyryp görkezmegiň aýratynlygy bar. Peýzaž temasynda tebigaty suratlandyrmakda ol estetikanyň düzgünlerine daýanýar. Bu tema estetik pikirleriň iň oňat taraplaryny özünde birleşdirýän estetik ulgamdyr. Şygryýet bu söz sungatydyr. Beýik söz sungatynyň üsti bilen şahyryň tebigata söýgüsi, estetik pikirleri ýüze çykýar.

Tebigat temasynda hakyky (realistik) tebigatyň waspy edilende, şol tebigaty duýmak, syzmak, söýmek esasynda tebigat gözellikleri beýan edilýär. Tebigat temasynda Watançylyk ideýalary diňe öwüt-ündew görnüşinde aýdylman, Watan tebigata söýgi, tebigaty wasp etmek arkaly ýüze çykarylýar.

Şahyryň döredijiliginde tebigat romantiki we realistik usulda işlenipdir. Şygryýetiň esasy obýekti adam bolup, ol esasan, adam ruhy bilen iş salyşýar. Tebigat temasy hem adam ruhunyň nukdaýnazaryndan suratlandyrylýandygy sebäpli, ol adamlaşdyrylýar. Özünden öňki edebiýat bilen deňeşdirilende, Magtymgulynyň sygryýetiniň millileşmegi netijesinde, peýzaž temasynyň realistik, halky manysynda ulanylmagynyň has giň gerime eýe bolmagy bilen birlikde, öňki dowam edip gelen "Ýaranlar'' goşgusyndaky:

Bir aý bile bir gün ol onbir ýyldyz,
Ýusuba köp tagzym etdi ýaranlar.

setirlerindäki ýaly, tebigatyň şahyrana gahrymanyň durmuşyndaky şatlyklara we gussalara boýun egdirilmek däbi hem dowam etdirilipdir.

Tebigat temasynda romantiki stili, magşugyň keşbiniň tebigat gözelligine deňeşdirmeleri Gündogar edebiýatyna mahsusdyr. Aýa, güne, ýyldyza ýokary i

hakykat (ideal) hökmünde garamak Magtymgulynyň döredijiliginde hem giň orun alýar. Magtymgulynyň döredijiliginde arş, asman Taňrynyň mekany hökmünde suratlandyrylýar. Şahyryň "Sataşdym" goşgusyndaky:

Ýyldyzdan ýol ýasap, Aýa sataşdym

setirinde hem şahyr sopuçylyk makam duralgalaryny geçip, Hala ýetmek barada gürrüň edýär.

Säher turup, nalyş kylsaň Hudaýa,
Güne gol göterip, ýalbarsaň Aýa.
Magtymguly aýdadyr, dokuz pelek Zöhresi,
Ýedi ýyldyz gardaşy, Aýyň, Günüň parasy
Nury-mahweş, kuýaş gutlug habybym.
Doga kylyp,elim Göge galdyrdym.

diýip, şahyryň arşyň, jebrut äleminiň Jelil syrlaryna akyl ýetirmek baradaky çuň pelsepesi gözbaşyny gadymyýetden alýar. Magtymgulynyň her bir setiriniň, her bir bendiniň aňyrsynda dünýä meşhur bolan ýordumlaryň ýatandygyny görmek bolýar. Bu bolsa şahyryň giň dünýägaraýyşly syrly döredijiligine aralaşyp, her bir setire giňişleýin düşündiriş bermäge mümkinçilik berýär. Dünýäniň başlangyjynyň esasy, älemiň gurluşy baradaky pikirler köpleri pikirlendirip, Adam atanyň toprakdan ýaradylyşy barada Magtymguly Pyragy:

Adam atanyň sulbaty
Ýedi ýeriň topragydyr,

diýip ýazýar. Beýik şahyryň barlyk dünýäniň otdan suwdan, toprakdan, howadan ýaradylandygy baradaky garaýyşlary, filosofik pikirleri bilen sazlaşykly ýüze çykýar.

Ogulbabek Amandurdyyeva, Guljahan Amandurdyyeva
(Turkmenistan)

MAGTYMGULY'S WORLD OF ARTISTIC RESEARCH

In Magtymguly's works, dealing with human and nature relations, it is possible to determine originality in the poets' world of artistic research, the poet's psychological and personal peculiarities in this matter and the unanimity, particular to the period. Literature has the characteristic of depicting the beauty of real nature. In portraying nature in the landscape theme, he relies on the rules of aesthetics. This theme is an aesthetic system that combines the best aspects of aesthetic ideas. Poetry is the art of words. The poet's love for nature and aesthetic ideas arises through the great art of words.

The views and philosophical thoughts of the great poet that the universe was created from fire, water, earth, and air appear in harmony.

Огулбабек Амандурдыева, Гулджан Амандурдыева
(Туркменистан)

МИР ХУДОЖЕСТВЕННЫХ ИСКАНИЙ МАХТУМКУЛИ

В творчестве Махтумкули связь человека с природой выражается своеобразными средствами художественной выразительности, что определяющие индивидуальные и психологические особенности творчества поэта в этом вопросе, также и его общность с целой эпохой.

Литература имеет свою специфику изображения красоты природы. Поэт опирается на эстетические нормы при описании пейзажа. Тема пейзажа — это эстетическая система, сочетающая в себе самые лучшие стороны эстетических взглядов. Поэзия – это искусство слова. Через великое искусство слова проявляются эстетические взгляды поэта и его любовь к природе.

Суждения поэта о том, что мир сотворен из огня, воды, земли, воздуха проявляются согласно его философских представлений.

Kakabaý Amanmyradow
(Türkmenistan)

W. PUNUŇ "TERSAKAN" HEKAÝASYNDA MAGTYMGULYNYŇ GOLÝAZMALARYNYŇ YKBALYNYŇ ÇEPER BEÝANY

"Tersakan" hekaýasynyň ýazary geçen asyryň ikinji ýarymynda Türkmenistanda ýaşan, dürli gazet-žurnallarda işlän rus ýazyjysy Bladimir Pu halkymyzyň ruhy gymmatlyklaryny içgin öwrenen ýazyjylaryň biridir. "Tersakan" hekaýasynda Magtymguly Pyragynyň golýazmalarynyň ykbaly baradky maglumatlar rus dilinde okaýan okyjylara ýetirmäge çalşylýar.

Magtymgulynyň golýazmalarynyň ykbaly ylmy jemgyýetçiligi hemişe-de gyzyklandyryp gelýär. Magtymgulynyň golýazmalary diýlende şahyryň öz eli bilen ýazan golýazmasynyň ýa-da özüniň düzen diwanynyň göz öňünde tutulmaýandygyny bellemek gerek. Magtymgulynyň eserleriniň golýazmasyny tapmak heniz ylmy jemgyýetçilige başardanok. Magtymgulynyň golýazmalarynyň ykbaly barada halk içinde rowaýat şekilli maglumatlar köp. Professor M. Kösäýew "Edebiýat barada söhbet atly" kitabynda: Şahyryň döreden kitaplarynyň biziň

döwrümize gelip ýetmänligi, köp eserleriniň tapylmaýanlygynyň sebäpleri barada dürli maglumatlar bar. Olaryň birinde: “Büjnürt, Astrabat hanlary Soňudaga, Garrygala hüjüm eden saparlary şahyryň eserleri ýakylypdyr ýa äkidilipdir” diýilýär. Ýene birinde: “Eýran serbazlary çozanlarynda ilat bosýar, şonda Magtymgulynyň kitaplary Tersakan olumyndan geçenlerinde suwa akypdyr” diýip aýdylýar. Magtymgulynyň kitaplaryny sil alypdyr hem diýilýär. Bu maglumatlary şahyryň birnäçe eseri hem tassyklaýar. Magtymgulynyň:

Ýazan kitaplarym sile aldyryp,
Gözlerim yzynda girýan eýledi,

diýen ýaly ýangynly setirlerine garaňda, onuň köp kitaplar, dessanlar döredenligi hem olaryň şahyra dahylly bolmadyk sebäplere görä, ýitip ýok bolanlygy belli bolýar” diýip şahyryň golýazmalary baradaky maglumatlary getirýär.

W. Pu “Tersakan” hekaýasyny şol maglumatlaryň esasynda ýazypdyr. Eseriň esasy mazmuny hem türkmenleriň azatlyga erkinlige ýokary baha berýändigi, ony iň gymmatly mirasdan hem ýokarda goýýandygy baradadyr.

Hekaýanyň ýordumyna görä, Magtymguly obadaşlary bilen talaňçylykly niýet bilen gelen serbazlardan gaçýarlar. Üznüksiz ýagýan ýagyş dag ýodalarynda ýöremegi kynlaşdyrýar. Eli ýarag tutmaga ýaran ýititler yzdan gelýän ýagynyň ýoluny bökdemek üçin her hili päsgelçilikler döredýärler. Ýöne, olja gyzan ýagy hem olary aýryp öňe sürünmegini dowam etdirýär. Halasgär Gyzylbaýyra ýetmek üçin iň soňky dag gerişleriniň arasynda ýylyň ähli paslynda diýen ýaly ýuwaşlyk bilen akyp, adamlara, mallara we ekinlere suwluk bolýan Tersakan olumy bar. Ýöne, ýadaw adamlary bu gün kiçijik çaý däl-de sil zerarly joşup akyp ýatan däli derýa garşylaýar. Gaçgynlar şu ýerde durup demlerini dürseýärler we iň soňky güýçlerini jemleýärler. Yzdan ýigitler hem gelip ýetýärler. Olar duşmanyň hötjetlik bilen sürnüp gelýändigini habar berýärler. Adamlaryň käbirinde umytsyzlyk, salynýan salgydy bermek pikiri döreýär. Magtymguly öz pikiri kesgitli bolsa-da köpçülige sala salýar. Köpçüligiň agramly bölegi her zat etmeli ýoly dowam etmeli diýip Magtymgulyny goldaýar. Bu goldawa ruhlanan Magtymguly Tersakandan geçer ýaly ýüp çekmek üçin Polat atly ýigide tabşyryk berýär. Ol suwdan geçip, garşy kenarda ýüpi berkidýär. Ýagyş bolsa, barha güýçeýär, çaý joşýar. Adamlar, üsti ýükli atlar, eşekler suwdan geçip başladylar. Magtymguly öz eli bilen ýazan golýazmalary ýüklenen aty Nury atly ýigide ynanýar. Özi garrylara, çagalara kömek berýär. Ol Durdy atly ýolda üsgülewige boglup gelýän çagany çaýdan geçirip, golýazma ýükli atyň ýanyna gelýär. Şol arada Magtymgulynyň suwdan kynçylyk bilen geçýän adamlara ünsi bölünen wagty atyň üstündäki horjun agyp başlaýar. Şol bir wagtda-da çagasy gark bolup barýan enäniň “Kömek ediň” sesi ýaňlanýar. Magtmyguly horjuny unudyp çagany halas etmäge ylgaýar. Çagany kenara çykaryp seretse, eli

boş horjunly ýüzi salyk Nura gözi düşýär. Şeýdip şahyryň ençeme ýyllap çeken zähmetiniň netijesi, şygyrlarynyň ýygyndysy Tersakanda ýok bolýar.

"Pähim-paýhas ummany Magtmguly Pyragy" ýylynda ata-babalarymyzyň nesillere galdyryp giden şöhratly mirasyny hemmetaraplaýyn çuňňur öwrenmäge hem-de olary dünýä ýaýmaga has-da giň mümkinçilikler döredilendir. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň tagalallary bilen türkmen halkynyň nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň ajaýyp şygyrlary dünýä dilleriniň ençemesinde terjime edildi we bu ugurdaky ähmiýetli işler dowam etdirilýär.

KakabayAmanmyradov
(Turkmenistan)

AN ARTISTIC PRESENTATION OF THE FATE OF MAGTYMGULY'S MANUSCRIPTS IN A STORY BY V. PU "TERSAKAN"

Vladimir Pu, one of the Russian-speaking writers who lived in Turkmenistan for a long time, studied in depth the spiritual values of the Turkmen people. In the story "Tersakan" he introduces readers to the dramatic fate of many of Magtymguly's manuscripts. In the story, the writer used information that was widespread among the people as well as in the works of the poet himself from which it follows that many manuscripts were lost during the attacks of the invaders on the Turkmen lands.

Какабай Аманмырадов
(Туркменистан)

ХУДОЖЕСТВЕННОЕ ИЗЛОЖЕНИЕ СУДЬБЫ РУКОПИСЕЙ МАХТУМКУЛИ В РАССКАЗЕ В. ПУ "TERSAKAN"

Владимир Пуодин из известных русскоязычных писателей, в течение длительного времени проживавшего в Туркменистане, углублённо изучавшего духовные ценности туркменского народа. В рассказе "Tersakan" он знакомит читателей с драматичной судьбой многих рукописей Махтумкули. Писатель в рассказе использовал сведения, которые были широко распространены в народной среде, а также в произведениях самого поэта, из которых следовало, что немало рукописей было утеряно во время нападений захватчиков на туркменские земли.

Altynaý Annamyradowa
(Türkmenistan)

MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ DÖREDIJILIGINDE MILLI BINAGÄRLIGIŇ TARYHY YZLARY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň, Milli Liderimiz Gahryman Arkadagymyzyň tagallasy bilen edebi mirasymyzy, halkymyzyň şöhratly taryhyny ylmy esasda öwrenmekde giň gerimli işler alnyp barylýar. Akyldaryň belent ideýalaryny öwrenmek babatda soňky geçen bir asyryň dowamynda ylmy işleriň uly tapgyry ýazylyp, halka ýetirildi. Şol işleriň arasynda Milli Liderimiz, Türkmenistanyň Gahrymany, akademik Gurbanguly Berdimuhamedowyň beýik Magtymguly Pyragy, onuň gaýtalanmajak danalygyna, pähim-paýhasyna, taryhy ähmiýetine bagyşlanan işleri aýratyn orun tutýar. Alym Arkadagymyzyň "Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi" atly II jiltlik kitaby türkmen taryhyny, aýratyn hem Magtymguly Pyragynyň ýaşan döwri hakyndaky gymmatly maglumatlary öz mazmunynda teswirleýär: "Türkmen topragynda taryhyň ähli döwründe kitaplaryň gymmaty örän ýokary saýylypdyr. Şol kitaplaryň aglabasy wagtyň ýowuz hökümine sezewar bolupdyr, ýöne alymlar gadymy ýazgylary agtaryp, geçen asyrlaryň taryhçylarynyň, edebiýatçylarynyň gunt ýaly setirleriniň manysyndan täzeden-täze açyşlary amala aşyrmaklaryny dowam edýärler" diýip bellenýär.

Mähriban Watanymyzyň golýazma kitaplarynyň iň köp ýaýran ýeridigi hakyndaky gymmatly maglumatlar biziň döwrümize gelip ýeten edebi-taryhy çeşmelerde bellenip geçilýär. Il içinde giňden ýaýran golýazma kitaplarynyň arasynda Magtymguly Pyragynyň golýazma diwanlaryna aýratyn orun degişlidir. Akademik W.W.Bartold "Türkmen halkynyň taryhynyň oçerki" atly eserinde: "Gökleň şahyry Magtymguly hemme türkmenleriň şahyry bolupdyr" diýip belläp geçýär.

Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde türkmeniň şöhratly taryhy, etnografiýasy, bina gurluşygy hakyndaky täsin maglumatlar köp duş gelýär. Şeýle maglumatlaryň köpüsi şahyryň ýaşan sebitleriniň taryhy keşbini özünde janlandyrýar. Şahyryň "Jahanda näler görüner" atly şygry hem şeýle ajaýyp şahyrana setirleri öz mazmunynda teswirleýär:

Seýil edeliň bu jahana ,
Jahanda näler görüner,
Isgender Jemşit saldyran,
Belent binalar görüner.

Magtymguly Pyragynyň döredijiligini taryh, etnografiýa, binagärlik-gurluşyk ylymlary bilen sazlaşykda öwrenmek türkmen ylmyny täze maglumatlar bilen baýlaşdyrjakdygy şübhesizdir.

Biziň ýurdumyzda diňe soňky ýyllarda medeni-arheologiýa ýadygärlikleriniň birbada 12-sinde gazuw-agtaryş, dikeldiş, rejeleýiş işleri alnyp baryldy. Olaryň arasynda Amul, Daýahatyn kerwensaraýy, Uly Gyzgala, Abdyllahan gala, Daňdanakan, Abywert, Paryzdepe, Şährihaýbar, Şähryslam, Isgendergala, Dehistanyň Juma metjidi, Köneürgenç saraýy ýaly taryhy-medeni ýadygärliklerimiz bar. Mundan başga-da, ýylyň dowamynda Diýarymyzyň ähli künjeklerinde etnografiýa ylmy barlaglary geçirmek, gadymy golýazmalary we halk döredijilik eserlerini ýygnamak boýunça ylmy-gözleg işleri amala aşyryldy. Ylmy gözlegler Magtymguly Pyragynyň ýaşan sebitlerinde hem giň gerimde alnyp baryldy.

Orta asyrlarda Dehistan şäheri Misirýan düzlüginde-şäher galalary, kerwensaraýlary, senetçilik mähelleleri bilen 200 gektar giňişlikde ornaşypdyr. Şäheriň günbatar böleginde jebis ýerleşen ýaşaýyş jaý gurluşygynyň yzlary, demirgazyk böleginde Maşat ata gonamçylygy, Şir Kebir metjidi şäheriň gündogar-günorta bölegi has hem ýygjam ornaşan gür welaýatly mähelle bolup, onda suwaryş ýaplary, nowhanalary çekilipdir. Bu suw desgalary şäheri suw bilen üpjün edipdir. Ine, Magtymguly Pyragynyň şahyrana setirlerinde öwran-öwran gaýtalanýan Dehistan topragy taryhy döwrüň şeýle ösüşlerini başdan geçiripdir.

Altynay Annamyradova
(Turkmenistan)

HISTORICAL TRACES OF NATIONAL ARCHITECTURE IN THE WORKS OF MAGTYMGULY PRAGY

In the age of the Revival of a New Era of a Powerful State, under the leadership of the esteemed President, the National Leader, a large-scale work is being carried out to study our literary heritage and the glorious history of our people on a scientific basis. The two-volume book of our scholar Arkadag "Turkmenistan – the heart of the Great Silk Road" contains valuable information about the history of Turkmenistan, especially about the era of Magtymguly Pyragy.

The works of Magtymguly Pyragy contain a lot of unique information about the glorious history, ethnography, and architecture of the Turkmens. Most of this information revives the historical image of the regions where the poet lived. Sumbar valley, currently Magtymguly etrap, Dehistan region have been inhabited by Turkmens since ancient times, where there are a number of historical and archaeological monuments dating back thousands of years. Dehistan is one of

the ancient cities mentioned in the poetic lines of Magtymguly Pyragy. Scientists confirm that Dehistan was the most advanced center of science and education in the East in the IX-XIII centuries.

Алтынай Аннамурадова
(Туркменистан)

ИСТОРИЧЕСКИЕ СЛЕДЫ НАЦИОНАЛЬНОГО ЗОДЧЕСТВА В ТВОРЧЕСТВЕ МАХТУМКУЛИ ФРАГИ

В эру Возрождения новой эпохи могущественного государства под руководством уважаемого Президента, Национального Лидера проводится масштабная работа по изучению нашего литературного наследия и славной истории нашего народа на научной основе. В двухтомном книге нашего ученого Аркадага “Туркменистан – сердце Великого Шелкового пути” собраны ценные сведения об истории Туркменистана, особенно об эпохе Махтумкули.

Творчество Фраги содержит много уникальных сведений о славной истории, этнографии и архитектуре туркмен. Большая часть таких сведений оживляет исторический образ регионов, где жил поэт. Сумбарская долина, нынешний этрап Махтумкули был издревле заселен туркменами, где находится ряд историко-археологических памятников, возраст которых насчитывает тысячи лет. Дехистан – один из древних городов, упомянутых в поэтических строках Махтумкули. Ученые подтверждают, что Дехистан был самым передовым центром науки и образования на Востоке в IX–XIII веках.

Aýna Atageldiýewa, Mamagül Täçmyradowa
(Türkmenistan)

MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ GOŞGULARYNDA YNSANPERWERLIK BARADA

Halkymyzyň milli aň düşünjesinde açyk göwünliligiň, parahatçylyk söýüjiligiň, ysnyşykly goňşuçylygyň, başga milletleriň dinine, diline, medeniýetine sarpanyň mahsusdygy, netijede, bitaraplyk ýörelgesiniň hem öz köklerini halkymyzyň aňyýetinden, çuň taryhyndan alýandygyny bellemelidiris. Ynsanperwer ýörelgeleriň esasy düzgünleriniň tutuş bitewüligini türkmen nusgawy edebiýatynyň binýadyny goýujy akyldar Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde hem görmek bolýar. Şahyryň eserleriniň ynsanperwer mazmuny kanunalaýyk häsiýetde onuň

döredijiliginden gelip çykýar. Ýokary ruhy pikir-duýgulary we isleg-meýilleri göterýän, erkin we döredijilikli zähmeti bilen öz bagtyny döredýän şahsyýet beýik akyldar üçin iň ýokary gymmatlykdyr. Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde ynsanperwer ýörelgeleriniň düzgünlerini ýüze çykarmak, bir tarapdan, akyldaryň dünýägaraýşynyň köptaraplylygyny açyp görkezmäge ýardam etse, ikinji tarapdan, ýaşlaryň aň-düşünjesiniň dogry kemala gelmeginde möhüm ähmiýete eýedir.

Magtymguly Pyragy üçin ynsanperwer adam – bu özüni halkyň azatlygy we abadançylygy ugrundaky göreşe bagyş edýän, şonuň üçin hem panydaky durmuşy tamamlanandan soňra hem jemgyýetde öz işleri we pikirleri bilen ýaşaýan adamdyr. Şeýle şahsyýet ýokary we ähmiýetli maksatlara gönükdirilmede ýaşap, oňa ýetmek üçin islendik kynçylyklara dözmäge, olary ýeňip geçmäge taýýar bolmaly. Adalatly, hoşbagt durmuş ugrundaky göreş bilen baglanyşykly şeýle kynçylyga dözmekligiň hut özi ahlak, edermenlik, ony amal edýän şahsyýet bolsa hakyky ruhy kämillik hökmünde öňe çykýar.

Goç ýigidiň işi söhbet-saz bolar,
Köňli gyş bolmaýyn, daýym ýaz bolar,
Ýagşynyň köňlünde kine az bolar

ýa-da:

Akylsyz näkes bolmasyn,
Sadadan bolsun – türkana

diýen setirlerde ynsanperwer şahsyýetiň ýokarda agzalan ýönekeýlik-tebigylyk, kabul edişiň terligi, çuňňur şahsyýetara gatnaşyklar ýaly häsiýetleri özara kabul edilişde göze ilýän sypatlar görnüşinde beýan edilýär.

Ynsanperwerlik düşünjesiniň düzgüninde adam erkin gurluş hökmünde, mümkinçilikleriň mümkingadar köpüsini amal etmekde jogapkärdir; bu şerti bitirse, ol hakyky durmuşda ýaşaýar. Başgaça aýdanyňda, ynsanperwerlik hakyky ýaşaýşy agtarmaklyk ten islegleri kanagatlandyrmakdan has ýokary mazmunly ymtylmalary talap edýär. Kemallanmakdan ýüz öwürýän adamlar ösüşden ýüz öwürýärler; olar doly manyly adam hökmünde ýaşamak mümkinçiliginiň hut özlerindedigini inkär edýärler. Şeýle gatnaşyk adamyň öz durmuş mümkinçiliklerini çäklendirýändigi sebäpli, ynsanperwer-psihologik nukdaýnazardan örän gözgynydyr we adamyň bolup biljek bagtly täleýini onuň hut özüniň terse öwürmegidir. Şeýle pikirleri şahyryň:

Magtymguly, sözle herne bileniň,
Özüňe kemlik bil, aýtman öleniň.

“Diri men” diýp, gaflat içre ýatandan,
Iman birle ýatan öli ýagşydyr –

ýaly setirleri tassyklaýar.

Aýdylyşy ýaly, şahyr ynsanperwerligiň adaty kabul edişde göze ilýän durkuny häsiýetlendirmek bilen bir hatarda, bu ýörelgäni berjaý etmezligiň ynsany nähili pikir pesligine salýandygyny goşgy setirleriniň üsti bilen beýan edýär.

Ayna Atageldiyeva, Mamagul Tachmyradova
(Turkmenistan)

ABOUT HUMANISM IN POEMS OF MAGTYMGULY PYRAGY

Main rules of humanistic principles are found in the whole creativity of Magtymguly Pyragy, and at the same time, this principle has a fundamental uniqueness in the poet's perception of the world and worldview. If, as one of the main currents of philosophy and psychology, the humanist principle of these sciences is based on the strong humanistic characteristics of a particular individual, in the works of the great thinker, the humanistic image of the entire nation is generalized in relation to the Turkmen society. On the basis of such a generalization, the humanistic qualities of the ordinary working person are characterized.

Айна Атагельдыева, Мамагуль Тачмырадова
(Туркменистан)

О ГУМАНИЗМЕ В СТИХАХ МАХТУМКУЛИ ФРАГИ

Основные правила гуманистических принципов проходят красной нитью сквозь все содержание творчества Махтумкули Фраги, и в то же время этот принцип имеет принципиальное своеобразие в мировосприятии и мировоззрении поэта. Если гуманистический принцип этих наук как одно из основных течений философии и психологии основан на сильных гуманистических качествах по отношению к конкретной личности, то в произведениях великого мыслителя гуманистический образ всего народа по отношению к туркменскому обществу носит обобщенный характер. На основе такого обобщения характеризуются гуманистические качества обычного члена сообщества.

Maýa Atajanowa
(Türkmenistan)

MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ GOŞGULARYNDA GÖÇME MANYLY DURNUKLY SÖZ DÜZÜMLERI (DAŞKY GURŞAW LEKSIKASY MYSALYNDA)

Türkmen halkynyň guwanjy, beýik akyldar, XVIII asyr türkmen edebiýatynda öçmejek yz galdyran, dünýäniň ajaýyp taryhy şahsyýeti hökmünde özüni tanadan Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde adamzat durmuşynyň filosofiýasy giňişleýin açylyp görkezilýär. Şahyryň goşgulary söz manysynyň ussatlarça çeper dilde beýan edilendigi, göçme manyly söz düzümlerine uly orun berlendigi bilen häsiýetlidir. Şahyryň döredijilik dünýäsinde – şygyr äleminde göçme manyly durnukly söz düzümleriniň çeperçilik hyzmatynyň häzirki günlerimize çenli dilçi alymlaryň ýerine ýetiren ylmy işleriniň üns merkezinde uly orun eýeläp gelýär. Durnukly söz düzümleri halkyň medeniýetiniň, milliliginiň, aňyýetiniň özboluşlylygyny özünde jemläp, milletiň taryhda toplan durmuş tejribelerini, pähim-paýhasyny täsirli aňlatmaga hyzmat edýär.

Şahyryň goşgularynda peýdalynylan durnukly söz düzümleriniň birnäçesi düzüminde daşky gurşaw leksikasyna degişli sözler bolup, aşakdaky setirlerde derňew ülňüsine alyndy. Mysal üçin "Aly pelegiň" goşgusynda:

Kimseler meýlisde, kim *oda bişer*,
Agaç uzyn bolsa, kölgesi düşer.

diýlen setirlerde *oda bişmek/düşmek* – bir zadyň ugrunda hasrat çekmek, azap çekmek manysynda ulanylýan göçme manyly söz düzümi bu setirlerde şahyryň beýan edýän ýagdaýyny has täsirli şekiliň üsti bilen suratlandyrýar.

"Ýer" düşünjesi bilen baglanyşykly göçme manyly söz düzümi "Begler" goşgusynda şeýle setirlerde:

Döwlet başa gelse, dost-ýaryn görmez,
Kaza gelse, *bagryn ýerden götermez*

inwersiýa arkaly *Bagryn ýerden götermez/ýerden bagryny götermezlik* – düzümde berlip, ol *agyr syrkaw ýagdaýynda* bolmagy aňladýar.

Şahyryň "Bolar sen" goşgusynda "ýer" bilen baglanyşykly ýok bolmak, ýogalmak manysynda ulanylýan "ýer-ýegsan bolmak", "ýer ýaly bolmak" hem-de ähli ýere/zada eýe bolmak manysynda ulanylýan "ýer ýüzüni almak" söz düzümleri şu setirlerde has çeper beýan edilýär:

Isgender dek ýeriň ýüzüni alsaň,
Ýere-ýegsan bolup, ýer dek bolar sen.

Şahyryň “Buluda gardy meni” goşgusynda “suw” düşünjesi bilen baglanyşykly “gam sili”, “hijran ýagmyry” ýaly göçme manyly durnukly söz düzümleri duş gelýär we onuň çekýän gaýgy hasratyny:

Hyrydar gözi birle kim gelip gördi meni?

Hijran ýagmyry ýagyp, *gam sile* berdi meni – diýen setirlerde beýan edýär.

Söz ussady Magtymguly şahyryň pähimli setirlerinde “howa” düşünjesi bilen baglanyşykly “seri dumanly bolmak”, “baran ýagdy”, “Hazan ýeli” söz düzümleri ýygy duş gelýär. Mysal üçin, “Hanyň galdy” goşgusynda:

Götergil gojalan başyň,

Seriňde dumanyň galdy – diýen setirlerinde *Seriňde dumanyň/dumanly başyň* – kelläňde oý-pikiriň/düşnüksiz ýagdaýlar barada ýatlamalaryň galdy manysy bilen ulanylan durnukly söz düzümi inwersiýa bilen berlipdir.

Akyldar şahyryň şygyrlarynyň aglabasynda “ot” düşünjesi bilen baglanyşykly *oda salmak, oduna çoýmak, yşk oduna ýanmak, aýralyk oduna ýanmak* ýaly göçme manyly durnukly söz düzümleri işjeň ulanylypdyr. Mysal üçin, şahyryň “Her ýana” goşgusynda onuň çeken gaýgy-gamy, hasraty:

Magtymguly, *köýsem, bişsem*,

Ynanmazlar *oda düşsem* – diýen setirlerde jemlenýär.

Umuman, ýokarda derňelen goşgy setirlerinde türkmen halkynyň söýgüli şahyry Magtymguly Pyragynyň şygyrlarynda türkmen dil biliminiň çylşyrymly meselesi bolan göçme manyly durnukly söz düzümleriniň jaýdar saýlanyp alnandygyna, aňladylýan oý-pikiriň çeper beýan edilmegine uly goşant goşandygyna göz ýetirýäris. Şahyryň çeperçilik mekdebine öwrülen edebi mirasy, akyl-paýhasa ýugrulan ajaýyp eserleri belent adamkärçiligiň, ylahy päkligiň, mertligiň, salyhatlylygyň, watançylygyň, ynsabyň ölçeg daşy bolup, türkmen halkynyň arasynda ýaşap gelýär.

Maya Atajanova
(Turkmenistan)

IDIOMS IN MAGTYMGULY PYRAGY’S POEMS (BASED ON ENVIRONMENTAL LEXICON)

Magtymguly Pyragy, the pride of the Turkmen nation, great thinker, who left brilliant traces in the XVIII c. turkmen literature, who was recognized as a great historical figure of the world, clearly demonstrated the philosophy of human life in his poems. The poet’s poems are characterized by the fact that the meaning of the word is skillfully expressed in an artistic language, and idioms take a great place in them. In the creative world of the poet the artistic use of the idiomatic expressions has occupied a great place in the focus of the scientific work of linguists until today.

The present paper deals with the analysis of idioms based on environmental lexicon used in the poet’s poems.

Мая Атаджанова
(Туркменистан)

ИДИОМЫ В СТИХАХ МАХТУМКУЛИ ФРАГИ (НА ОСНОВЕ ЛЕКСИКИ ОКРУЖАЮЩЕЙ СРЕДЫ)

Махтумкули Фраги – гордость туркменского народа, великий мыслитель, оставивший неизгладимый след в туркменской литературе XVIII века, признанный великим историческим деятелем мира, в своих стихах ярко продемонстрировал философию человеческой жизни. Стихи Махтумкули Фраги характеризуются тем, что значение слов умело выражены художественным языком, где большое место занимают идиоматические выражения. Художественное использование идиоматических выражений по сей день вызывает большой интерес у лингвистов.

Данная статья посвящена анализу идиом на основе лексики окружающей среды, используемых в стихотворениях поэта.

Mähri Ataýewa, Gülälek Rejepowa
(Türkmenistan)

MAGTYMGULYNYŇ DÖREDIJILIGINDE TARYHY MIRASYŇ BEÝANY

Magtymguly Pyragy – öňdengörüji, dana, akyldar şahyr, syýasatçy, umumadamzat şahyrydyr. Türkmen halkynyň aladasyna ýugrulyp ýaşan şahyryň döredijilik şahsyýetine we eserlerine adamzadyň goýýan sarpasy has-da ýokarlandy. Beýik akyldaryň döredijiligi taryhyň gadymy köklerinden ugur alyp, öz döwrüniň we geljekde garaşylýan wakalary şygyr üsti bilen halka ýetirmegi başaran beýik söz ussady bolupdyr.

Magtymguly Pyragy öz döwrüniň öne süren ýiti meselelerini oňyn çözgüdini gözläp, durmuşda bolýan nogsanlyklary, olaryň pajygaly netijelerini ýürek hesreti bilen berk ýazgarypdyr. Türkmenleriň bir döwlet bolmak, goňşy halklar bilen dostlukly ýaşaşmak ideýasy şahyryň eserleriniň süňňüne ornaşypdyr. Türkmen halkynyň ykbalyny öňünden gören Magtymguly Pyragynyň Garaşsyz we berkarar döwlet baradaky arzuwlarydyr gymmatly ündewleri Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň alyp barýan döwlet syýasatynyň esaslaryny düzýär. Milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedow: “Magtymguly türkmen halkynyň taryhynyň iň çylşyrymly döwründe ýaşap agzybirlik, garaşsyzlyk, özbaşdak döwlet gurmak ýaly

beýik maksatlara öz döredijiligi bilen gulluk eden ynsanperwer şahyrdyr” diýip, akyldary şahryň döredijiligine aýratyn baha berýär.

Mälim bolşy ýaly, her bir beýik şahsyýetiň öz döwrüniň jemgyýetdäki hakyky ornuna göz ýetirmek üçin, eseri döretmäge itergi beren taryhy wakalary, onuň ýaşap geçen we döreden wagtyny öwrenmeli bolýar. Ony anyklamak üçin beýik akyldaryň önüp-ösen jemgyýetinde şol döwre çenli bolup geçen taryhy ýagdaýlary, onuň ýaşan döwründäki durmuş şertleri öwrenilip, taryhy wakalaryň üsti bilen anyklamak mümkin bolup biler.

Magtymguly Pyragynyň beýikligine dogry göz ýetirmek üçin, örän gysga-da bolsa, halkymyzyň gadymy taryhyna degişli döwrüne üns bermeli bolýarys.

Şahyr döwrüň syýasy wakalarynyň gazanynda gaýnap, ähli türkmenleri birleşdirmeli we özbaşdak döwlet gurmaly diýen taryhy netijä gelýär. Onuň ömri we döredijiligi göbek ganynyň daman ýeri Watanyna we halkyna gulluk etmekden ybarat boldy.

Göwünler, ýürekler bir bolup başlar,
Tartsa ýygyn, erär topraklar-daşlar,
Bir suprada taýýar kylynsa aşlar,
Göteriler ol ykbaly türkmeniň

Taryhy wakalar öz döwrüniň belli şahsyýetleriniň dünýägaraýşyna we oý-pikirlerine täsirini ýetirýändigini ylym bireýýäm tassyklady. Akyldaryň döredijiliginde taryhy şahslaryň giden bir ulgamynyň atlary agzalýar. Olaryň köpüsi dünýä halklarynyň arasynda ady ýaýran beýik şahsyýetlerdir. Öz akyly, paýhasy, danalygy ýiti zehini we ukyby görkezen gahrymançylygy, edermenligi ýa-da adamzat taryhynda galdyran ýitmejek yzy bilen belli bolan adamlardyr.

Taryhy döwürde bolan taryhy wakalar, şol zamananyň jemgyýetçilik-syýasy gatnaşyklarynyň, halkyň medeni durmuşynyň, edebi ösüşiniň ýagdaýyny şöhlelendirýär. Bu ugurda XVIII asyr türkmen edebiýatynyň görnükli wekilleri Döwletmämmet Azady, Magtymguly Pyragy, Nurmuhammet Andalyp, Abdylla Şabende we Şeýdaýy öz döwrüniň ynsanperwer pikirlerini döredijiligine siňdiripdirler.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri Garaşsyzlygyň ajaýyp miwesidir. Söz ussadynyň erkinlik we Garaşsyz döwlet gurmak baradaky arzuwlary, parasatly duýgy-düşünjeleri, taryhy eýýamda hasyl boldy. Bäş müň ýyllyk taryhy bolan halkyň baý milli mirasy, urp-adatlary we däp-dessurlary, bu gün dünýä jemgyýetçiligini gyzyklandyrýar. Daşary ýurtly raýatlar türkmen halkynyň şöhrata beslenen geçmiş taryhyna uly gyzyklanma döredýärler. Şeýle baý taryha, milli mirasa eýe bolan halkyň beýik akyldar şahyry Magtymgulynyň şygyrlarynyň ahlak sypatlary kemala getirmäge ýardamy bimöçberdir.

Mahri Atayeva, Gulalek Rejepova
(Turkmenistan)

EMBODIMENT OF THE HISTORICAL HERITAGE IN MAGTYMGULY'S WORK

Magtymguly Pyragy, a prominent representative of Turkmen classical literature, who valued the word and had great creative potential, expressed in his works the sense of duty of every person to the people and the Homeland. He devoted his life to the celebration of sacred freedom, independence and national statehood. In his work much attention was paid to historical figures. In his poems, Magtymguly covered historical events, socio-political relations, the people's cultural life and literature.

The basis of Magtymguly Pyragy's creativity is poetry, which speaks of moral beauty, friendship, brotherhood, respect for elders, love for youth, devotion to the Homeland, which is the key to a meaningful and peaceful life not only of the Turkmen people, but all humanity.

Мяхри Атаева, Гулялек Реджепова
(Туркменистан)

ВОПЛОЩЕНИЕ ИСТРИЧЕСКОГО НАСЛЕДИЯ В ТВОРЧЕСТВЕ МАХТУМКУЛИ

Махтумкули Фраги – видный представитель туркменской классической литературы, ценивший слово и обладавший большим творческим потенциалом, в своих произведениях выражает чувство долга каждого человека перед своим народом, перед Родиной. Он посвятил свою жизнь воспеванию священной свободы, независимости и национальной государственности. В его творчестве большое внимание уделяется историческим личностям. В своих стихах Махтумкули освещал исторические события, общественно-политические отношения, культурную жизнь народа.

Основой творчества Махтумкули Фраги является поэзия, в которой говорится о нравственной красоте, дружбе, братстве, уважении к старшим, любви к младшим, заботе о Родине, что является залогом осмысленной и мирной жизни не только туркменского народа, но и всего человечества.

Merjen Ataýewa, Oguljennet Durdymuhammedowa
(Türkmenistan)

MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ GOŞGULARYNDAKY ÝER-ÝURT ATLARYNY WE GEOGRAFIK ADALGALARY TERJIME ETMEGIŇ AÝRATYNLYKLARY

Ýer-ýurt atlary we geografik adalgalar türkmen dilinden iňlis diline terjime edilende, olaryň aňladýan manylary, morfologik gurluşy we ýasalyşy ýaly aýratynlyklary göz öňünde tutmak zerurdyr. Dil biliminde bu sözleri terjime etmegiň transkripsiýa, transliterasiýa, garyşyk terjime, doly ekwiwalentli terjime, ýarym ekwiwalentli terjime ýaly ýollary bar.

Beýik türkmen akyldary Magtymguly Pyragynyň pähim-paýhasyndan dörän goşgular hem terjimeçilik işini öwrenmekde oňat çeşme bolup hyzmat edýär. Ussat akyldar goşgularynda köpsanly ýer-ýurt atlaryny we geografik adalgalary ulanypdyr, bu bolsa onuň geografiýa ylmyndan belli bir derejede oňat biliminiň bolandygyny görkezýär. Dana şahyryň goşgularynyň mysalynda ýer-ýurt atlarynyň we geografik adalgalaryň türkmen dilinden iňlis diline terjimesinde ulanylýan usullary derňemek mümkin.

Ýer-ýurt atlary terjime edilende iň ýörgünli ulanylýan usullaryň biri-de transkripsiýadyr. Transripsiýa daşary ýurt dilindäki sözüň ses şekiliniň geçirilişidir. Mysal üçin:

Jeýhun bilen *bahry-Hazar* arasy, Çöl üstünden öser ýeli türkmeniň. Gül gunçasy – gara gözüm garasy, Gara dagdan iner sili türkmeniň.	Between the *Jeihun* river and the *Khazar* sea, The wind of the Turkmen land rises above its deserts, Its blossoming flowers are as precious as the apples of my black eyes, Torrents rush from the slopes of its tall black mountains.

Ussat şahyryň "Türkmeniň" atly äleme ýaň salan goşgusynda "Jeýhun, bahry-Hazar" ýaly ýer-ýurt atlary getirilýär, olaryň iňlis diline terjimesinde bolsa transkripsiýa usuly ulanylyp, bu sözler iňlis diline aýdylyşyna, ýagny ses şekillerine görä geçirilipdir.

Transkripsiýadan tapawutlylykda, transliterasiýa sözüň ýazuw şekiliniň geçirilişidir.

Mysal üçin:

Serinden dumany gitmez, Eýýam geçip, ýere batmaz, Garryp galmaz, ölmez, ýitmez, *Gorganly* daglar görüner.	Haze round their peaks will not disperse, It won't turn to fall on the ground with the time passing, They will never age, nor die, nor get lost, We can see the *Gorganly* Mountains.

Akyldar şahyryň "Näler görüner" atly goşgusynda "Gorganly daglar" atly geografik adyň terjimesinde transliterasiýa ulanylyp, ýagny bu at iňlis diline ýazylyşyna laýyklykda geçirilipdir.

Geografik adalgalar türkmen dilinden iňlis diline terjime edilende, doly ekwiwalentli we ýarym ekwiwalentli terjime usullary ulanylýar, ýagny geografik adalgany aňladýan sözüň terjimesinde onuň iňlis dilindäki many taýdan doly taýy ýa-da oňa ýakynrak manyly söz bilen geçirilýär. Mysal üçin:

Gurdugym aslynda bilgil, bu *zeminiň* myhydyr, Erer ol erkin mydam, budur türkmen binasy.	You should know – whatever I am building, is, in fact, the core of the *earth*, It will always be free, this is the foundation of the Turkmen.

Beýik şahyr Magtymguly Pyragynyň "Türkmen binasy" atly goşgusynyň terjimesinde geografik manyly "zemin" diýen söz iňlis diline onuň semantik taýdan taýy bolan "earth" diýen söz bilen terjime edilipdir, ýagny bu ýerde doly ekwiwalentli terjime berlipdir.

Umuman alanymyzda, beýik söz ussady Magtymguly Pyragynyň şygyrlarynyň iňlis diline terjimeleriniň esasynda geografik sözleriň türkmen dilinden iňlis diline terjimesinde ulanylýan usullary derňemek ylmy barlagyň gyzykly taraplarynyň birini açyp görkezýär.

Merjen Atayeva, Oguljennet Durdymuhammedova
(Turkmenistan)

PECULIARITIES OF TRANSLATING THE GEOGRAPHICAL NAMES AND TERMS IN THE POEMS OF MAGTYMGULY PYRAGY

In translating the geographical names and terms from Turkmen into English it is necessary to take into account such peculiarities as their lexical meaning, morphological structure and formation. In linguistics there are the following

ways of translating such words: transcription, transliteration, mixed translation, translation with the use of full-equivalence and partial equivalence.

The poems of the great Turkmen thinker and poet Magtymguly Pyragy serve as a good source in studying theory of translation. On the basis of the translation of the works of the wise poet it is possible to analyze the ways of translation of the geographical names and terms from Turkmen into English.

Transcription is one of the widely used ways in translating the geographical names. Transcription is the transformation of the sound form of the word, that is transforming the form of pronouncing the word or its phonemic structure. Such geographical names as "Jeýhun, bahry-Hazar" are used in the poem of the great poet "Türkmeniň" and they were translated into English with the help of transcription, that is by means of transforming the sound form of the word.

The ways of translating the geographical names and terms from Turkmen into English are of great interest in theory and practice of translation.

Мерджен Атаева, Огулдженнет Дурдымухаммедова
(Туркменистан)

ОСОБЕННОСТИ ПЕРЕВОДА ГЕОГРАФИЧЕСКИХ НАЗВАНИЙ И ТЕРМИНОВ В СТИХОТВОРЕНИЯХ МАХТУМКУЛИ ФРАГИ

При переводе географических названий и терминов с туркменского языка на английский язык необходимо учитывать такие особенности как их лексическое значение, морфологический строй и образование. В лингвистике существуют следующие способы перевода таких слов: транскрипция, транслитерация, смешанный перевод, перевод с использованием полного эквивалента и полуэквивалентный перевод.

Стихотворения великого туркменского мыслителя и поэта Махтумкули Фраги служат ценным источником при изучении переводческого дела. На основе перевода стихотворений поэта можно проанализировать способы перевода географических названий и терминов с туркменского языка на английский язык.

Транскрипция является одним из часто используемых способов при переводе географических названий. Транскрипция – это передача звуковой формы слова, то есть передача слова по его произношению или звучанию. В стихотворении великого поэта "Türkmeniň" использованы такие географические названия, как "Jeýhun, Bahry-Hazar" и они переведены на

английский язык с помощью транскрипции, то есть посредством передачи звуковой формы слова.

Способы перевода географических названий и терминов с туркменского язык на английский язык представляют большой интерес в теории и практике перевода.

Tyllanur Ataýewa
(Türkmenistan)

MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ EDEP HAZYNASY

Berkarar döwleti täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň, Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hemmetaraplaýyn goldaw bermegi netijesinde türkmen halkynyň medeni mirasyny, geçmişini, taryhy şahsyýetlerini çuňňur öwrenmekde we olaryň esasynda ýaş nesilleri ruhy-ahlak taýdan terbiýelemekde ýurdumyzda uly işler alnyp barylýar. Şeýle döredijiligi öwrenmeli, eserlerini ýol-ýörelge edinmeli şahsyýetleriň biri-de Gündogaryň ajaýyp şygryýetini kemsiz özleşdiren, onuň iň gowy nusgalaryny öz döwrüne laýyklykda ösdüren, adamlary akyl hem ahlak taýdan terbiýelemekde ajaýyp mekdep döreden, türkmen nusgawy edebiýatynyň akyldar şahyry Magtymguly Pyragydyr. Onuň döreden eserleri özüniň çuň many-mazmunlylygy, diliniň ýönekeýligi, köptaraplylygy, setirleriniň syrlylygy bilen uly-kiçiniň kalbynyň töründe belent orny eýeledi.

Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde öz halkyna agzybirligi, edep-terbiýäni ündeýän öwüt-nesihat häsiýetli şygyrlary uly orun tutýar. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Türkmen halkynyň Milli Lideri, akademik Gurbanguly Berdimuhamedow: “Magtymgulynyň şahyrana mirasy biziň üçin özboluşly terbiýe mekdebi bolup durýar. Biziň halkymyz asyrlaryň dowamynda beýik akyldaryň ynsanperwerlikli ýörelgeleri esasynda nesillerini terbiýeläpdir” diýip belleýär.

Şahyr öz döwründe il-gününe, uly-kiçä, döwürdeşlerine, külli türkmen halkyna şer işden daşda durup, haýyr-sogap etmegi nesihat eden beýik danalaryň biri. Onuň döredijiliginde öwüt-nesihat, gowy zatlary wagyz etmek, ýaramaz gylyk-häsiýetleri ýazgarmak, edeplilige, ynsaplylyga, ynsanperwerlige, watançylyga çagyryş esasy tema bolup durýar. Şahyr öwüt-nesihaty, ilki bilen, Watany söýmekden, onuň agzybirligini, asudalygyny üpjün etmäge her bir adamyň goşant goşmagyndan başlaýar:

Gel, köňlüm, men saňa nesihat kylaý,
Watany terk edip gidiji bolma.

Gözbaşyny halk döredijiliginden, türkmen edebiýatynyň görnükli eserleri bolan “Görogly”, “Gorkut-ata” şadessanlaryndan alyp gaýdýan pikirler şahyryň goşgularynyň süňňüne siňmek bilen, Watana, il-güne wepaly bolmaga çagyrýar.

Magtymgulynyň öwüt-nesihatlarynda adamyň tebigatyň bir ülşüdigi aýdylýar. Şahyr adamlara tebigatdan görelde alyp, adalatly, sazlaşykda ýaşamagy nesihat edýär. Şahyr özüňi terbiýelemekde niýetiňi-päliňi düzüw tutmagy, adamlar bilen gatnaşyga gireňde bolsa onuň üstüni hoşsözlülik bilen doldurmagy ündeýär.

Akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň goşgularynyň her bir setiriniň many-mazmunyny ýaş nesle düşündirmek, olaryň terbiýeçilik ähmiýetiniň örän uludygyny yaş ýetginjekleriň aňyna guýmak, ornaşdyrmak, sagdyn jemgyýetde sagdyn nesli kemala getirmegiň esasy girewi bolup durýar.

Şahyr ýaşlara yhlas bilen ylym-bilim öwrenip, hünäriň ussady bolmagy ündeýär. Ussatlar bolsa durmuşyň her bir kynçylyklaryny ýeňip geçmäge ukyplydyr. Türkmen özüniň ogul-gyzyna terbiýe berende, ilki bilen, dogruçyllygy, eli arassalygy, özüňden ula hormat goýmagy elmydama sargap durupdyr. Şol däp biziň aňymyza ornap şu günlere ýetipdir. Terbiýeli, aňly-düşünjeli, zähmetsöýer ogul-gyzy ýetişdirmek ene-atanyň ilkinji arzuwy bolup durýar. “Ogul-gyz – durmuşyň dowamy” diýen pähiminden ugur alan şahyr geljekki nesliň sagdyn bolmalydygyny isleýär. Aňly-düşünjeli, bilimli, edepli, Watanyny, il-gününi we ene-atasyny ýürekden söýýän ýaşlary bolan halk agzybirdir hem-de kuwwatlydyr.

Şeýle pähim-parasata baý Magtymguly Pyragynyň döredijilik mirasy türkmen halkynyň ruhy gymmatlygynyň, asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan medeniýetimiziň aýrylmaz bölegidir. Üç asyra golaý mundan ozal döredilen eserler häzirki döwürde hem öz wajyplygyny, şahyrana ähmiýetini ýitirmeýär. Şahyryň baý edebi mirasy asyrlardan-asyrlara baky ýalkym saçýar.

Tyllanur Atayeva
(Turkmenistan)

ETHIC TREASURY OF MAGTYMGULY PYRAGY

Magtymguly’s works, with their deep meaning, simplicity of language, versatility of themes and deep content, gained and continue to occupy a special place in the hearts of many generations of the Turkmens. The creative heritage of Magtymguly is an integral part of the spiritual values of the Turkmen people and our culture. Works created almost three centuries ago have not lost their topicality and poetic significance to this day.

Тылланур Атаева
(Туркменистан)

СОКРОВИЩНИЦА НРАВСТВЕННОСТИ МАХТУМКУЛИ ФРАГИ

Произведения Махтумкули своим глубоким смыслом, простотой языка, многогранностью и глубоким содержанием приобрели и продолжает занимать особое место в сердцах многих поколений туркмен. Творческое наследие Махтумкули является неотъемлемой частью духовных ценностей туркменского народа, нашей культуры. Произведения, созданные почти три столетия назад, по сей день не теряют своей актуальности и поэтической значимости.

Sapargül Aşyrowa, Sahragül Gurbanowa
(Türkmenistan)

MAGTYMGULY, SÖZLÄR TILI TÜRKMENIŇ

Magtymguly Pyragy çuň mazmunly ajaýyp şygyrlary bilen türkmen we dünýä edebiýatynyň baý hazynasyna uly goşant goşan beýik akyldardyr. Gündogaryň Ferdöwsi, Rumy, Nyzamy, Fizuly, Rudaky, Nowaýy ýaly, edebiýat äleminiň ägirtleriniň hatarynda mynasyp orun alan Magtymguly Pyragy öz eserlerinde türkmeniň ruhy dünýäsini aýdyňlygy bilen açyp görkezipdir. Magtymguly Pyragynyň döredijiligi halkyň hakyky durmuşy, ýaşaýşy bilen bilen berk baglanyşykly bolanlygy üçin, onuň şygyrlarynyň çeperçilik taýdan has kämil, halka ýakyn bolmagyna ýardam edipdir. Akyldar şahyryň döreden nusgawy eserleri, jemgyýet baradaky ynsanperwer garaýyşlary türkmen halk döredijiligi, dili we edebiýaty bilen berk baglanyşykly bolupdyr. Şahyryň eserleri watansöýüjilige, ynsanperwerlige, ylym-bilime ýugrulandyr. Ertirimiziň gelejegi bolan ýaşlarda ene dilimize bolan belent söýgini, sarpany saklamakda şahyryň döredijiligi uly gollanma bolup hyzmat edipdir.

Gözüm gaýra düşmez, göwün eglenmez,
Magtymguly, sözlär tili türkmeniň –

diýip, akyldar türkmen iline, diline bolan söýgüsini buýsanç bilen şygarlarynda wasp edipdir. Dil uly baýlykdyr, ynsan gatnaşyklarynyň genji-hazynasydyr. Munuň özi ruhy gymmatlyklaryň edebi gymmatlyklar bilen berk baglanyşyklydygyny aňladýar. Biz adamyň ruhy dünýäsini, gözellik kämilligini emele getirmekde we ony ýüze çykarmakda diliň tapylgysyz serişde bolup hyzmat edýändigini akyldaryň

şygyr älemine syýahat edenimizde has göz ýetirýäris. Ol çeper keşpleri döwrebap ruhda gaýtadan janlandyrmak, çeperçilik serişdeleri, aňlatmalary, çuň many-mazmunly nakyllary, atalar sözlerini jaýdar ulanmak bilen öz şygyrlaryny halk durmuşyna has-da golaýlaşdyrypdyr.

Şahyryň goşgularynda medeniýetli sözlemek, dil baýlygyňy ösdürmek ýaly ugurlary hem görmek bolýar. Bu bolsa şahyryň ene diline hormat goýandygyny görkezýär. Şeýle hem akyldaryň örän köp edebiýatlardan habarly bolandygyna güwä geçýär. Dili babatda halka ýakyn, düşnükli bolmagy, dürli şygyr düzülişiniň görnüşleriniň, çeperçilik serişdeleriniň ulanylmagy şahyryň ussatlygynyň nyşanydyr. Ol özüniň köptaraply döredijiliginde meňzetme, deňeşdirme, ulaltma, kiçeltme, janlandyrma, sinonimler, antonimler, omonimler, köpmanylylyk, göçme manylylyk ýaly diliň dürli çeperçilik serişdelerini ussatlyk bilen ulanypdyr. Mundan başga-da, şahyr döredijiliginde rowaýatlary, nakyllary, atalar sözlerini giňden peýdalanypdyr.

Magtymguly Pyragynyň türkmen halkynyň durmuş pelsepesine öwrülen ajaýyp şygyrlary, öňe süren taglymatlary, öwüt-ündewleri, ýörelgeleri bu gün millionlarça adamlaryň aňyna, ýüregine hem-de duýgularyna örän oňaýly täsir edip, mertligiň we gaýduwsyzlygyň özboluşly şygaryna öwrüldi. Ussat şahyryň dünýä medeniýetiniň genji-hazynasynyň aýrylmaz bölegine öwrülen eserleriniň ýygyndylary dünýä dillerine terjime edildi. Häzirki wagtda şahyryň şygryýet güni mynasybetli dünýäniň onlarça döwletlerinde maslahatlar, sergiler we beýleki köpugurly çäreler geçirilýär. Munuň özi ynsan aňyna hem-de ýüregine ýakyn beýik Pyragynyň şygryýetiniň nesiller üçin gymmatlyk we durmuş ýörelgesi bolup hyzmat edýändigine şaýatlyk edýär.

Sapargul Ashyrova, Sahragul Gurbanova
(Turkmenistan)

MAGTYMGULY, SPEAKING IN TURKMEN LANGUAGE

Magtymguly Pyragy is a great thinker who made a great contribution to the rich treasury of Turkmen and world literature with his beautiful poems filled with deep meaning. Magtymguly Pyragy, who occupies a worthy place among the giants of world literature of the East, such as Firdovsi, Rumy, Nyzamy, Fizuli, Rudaky, Novay, clearly revealed the spiritual world of the Turkmen in his works. Since the work of Magtymguly Pyragy is closely connected with the real life of the people, his poems became close to the people and more artistically perfect. Classic works created by the wise poet, his humanistic views on society were closely connected with Turkmen folklore, language and literature. The poet's works are dedicated to patriotism, humanism and science.

Сапаргуль Аширова, Сахрагуль Гурбанова
(Туркменистан)

МАХТУМКУЛИ, МОЛВИТ НА ТУРКМЕНСКОМ ЯЗЫКЕ

Махтумкули Фраги – великий мыслитель, внесший огромный вклад в богатую сокровищницу туркменской и мировой литературы своими прекрасными стихами, наполненными глубоким смыслом. Махтумкули Фраги, занимающий достойное место среди гигантов мировой литературы Востока, таких как Фирдоуси, Руми, Низами, Физули, Рудаки, Новаи, ярко раскрыл в своих произведениях духовный мир туркмен. Поскольку творчество Фраги тесно связано с реальной жизнью народа, его стихи стали близкими народу и более художественно совершенными. Классические произведения, созданные мудрым поэтом, его гуманистические взгляды на общество были тесно связаны с туркменским фольклором, языком и литературой.

Maýagözel Babaýewa
(Türkmenistan)

MAGTYMGULYNYŇ ŞYGYRLARY DÜNÝÄ DILLERINDE

Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna diňe bir türkmen halkymyz däl, eýsem doganlyk halklary hem uly taýýarlykly, sowgatly garaşýarlar. Magtyguly Pyragynyň baý döredijilik mirasyna uly sarpa goýan belli azerbaýjan ýazyjysy Mürze Ibragimow, baryp Magtymgulynyň 225 ýyllygy mynasybetli geçirilen dabarada *"Zeminiň dürli halklarynyň dillerinde onuň goşgularynyň owadan kitap edilip çykaryljakdygyna ynanýandygyny"* ýörite belläpdir. Ýurt Garaşsyzlygymyzdan soň, bu beýik ýazyjynyň aýdan şol sözleri hakykata öwrüldi. Garaşsyzlyk ýyllarynda Magtymgulynyň şahyrana eserleri Günbatar Ýewropada, Gündogar we Günorta-Gündogar Aziýada ýaşaýan türki we türki däl halklaryň köpüsiniň dillerine terjime edildi. Häzirki döwre çenli Pyragynyň şygyrlar diwanyny taýýarlamak, ony dünýä dillerine terjime etmek ugrunda önjeýli işler edildi we edilýär.

Magtymgulynyň şygyrlary, aýratynam, 2014-nji ýylda şahyryň 290 ýyllyk baýramçylygy mynasybetli dünýäniň 21 diline terjime edilip, şahyryň ajaýyp goşgular ýygyndysy neşir edildi. "Magtymguly" atly bu ýygyndyda iňlisçe 30, rus dilinde 30, arapça 14, türk dilinde 30, azerba dilinde 17, özbekçe 30, gazak dilinde 7, hytaý we pars dillerinde 4, ispan dilinde 13, koreý dilinde 30 sany goşgusynyň terjimesi berildi. Bulardan başga-da, doganlyk ukrain, belarus, latyş,

moldawan, litwa, eston, ermeni dillerinde, türki kökenli gyrgyz, täjik dillerinde şahyryň goşgulary ýerleşdirilipdir. Bu kitabyň üsti bilen Magtymguly pederimiziň milli mirasy dünýä halklarynyň ençemesiniň eline gowuşdy.

Magtymgulynyň eserler ýygyndylary "Seçilmiş asarleri" ady bilen azerbaýjan dilinde 321 sany goşgusy ýerleşdirilen neşiri (2010), "Mahtumkuli" ady bilen täjik dilinde 111 goşgudan ybarat Diwany (2011ý.), "Magtymguly" ady bilen arap dilinde 174 goşgudan ybarat Diwany (2012ý.), türk dilinde 665 şygyrdan ybarat "Mahtumkuli Divani" (2013ý.), özbek dilinde 197 goşgusyny öz içine alan "Mahtumkuli. Asarlar" atly ýygyndysy (2013ý.) neşir edildi. 2014-nji ýylda has-da önjeýli işlenip, gazak dilinde şahyryň 122, ispança 151, ermeni dilinde 110, azerbaýjança dilinde 391, belarusça 240 goşgudan ybarat diwany neşir edilip, türkmen halkymyzyň hem-de daşary ýurtly edebiýaty söýüjileriň dykgatyna ýetirildi.

Milli Liderimiz, Gahryman Arkadagymyz Magtymgyly Pyragy ähli göwünleri, ähli ýürekleri birleşdirýän şahyr diýip örän ýerlikli belleýär. Ýokarda beýan edilenler, hakykatdan-da, beýik akyldarymyzyň bu günki günde ähli ýürekleri birleşdirýänliginiň aýdyň subutnamasydyr.

Mayagozel Babayeva
(Turkmenistan)

WORKS OF MAGTYMGULY IN WORLD LANGUAGES

The 300th anniversary of the birth of Magtymguly Pyragy, the great thinker and classical poet of the East, awaits not only our Turkmen people, but also fraternal people in a festive atmosphere. Murze Ibragimov, a famous Azerbaijani writer who paid great attention to the rich creative heritage of Magtymguly Pyragy, attended the ceremony of Magtymguly's 225th anniversary and noted that he "*believes that his poems will be published in beautiful books in the languages of various people of the earth"*. After our Independence, the words of this great writer became true.

Works of Magtymguly were translated into 21 languages of the world, especially in 2014, on the occasion of the poet's 290th anniversary, and a wonderful collection of the poet's poems was published. In this collection, entitled "Magtymguly", 30 poems have been translated into English, 30 into Russian, 14 into Arabic, 30 into Turkish, 17 into Azerbaijani, 30 into Uzbek, 7 into Kazakh, 4 into Chinese and Persian, 13 into Spanish and 30 into Korean. In addition to them, the poet's poems were posted in the fraternal languages of Ukrainian, Belarusian, Latvian, Moldavian, Lithuanian, Estonian, Armenian, languages of Turkic origin: Kyrgyz and Tajik. Thanks to this book, the national heritage of our mentor Magtymguly appeared in the hands of many peoples of the world.

Маягозель Бабаева
(Туркменистан)

ПРОИЗВЕДЕНИЯ МАХТУМКУЛИ НА МИРОВЫХ ЯЗЫКАХ

300-летие со дня рождения Махтумкули Фраги, великого мыслителя и поэта-классика Востока, в праздничной обстановке ждет не только наш туркменский народ, но и братские народы. Мурзе Ибрагимов, известный азербайджанский писатель, уделявший большое внимание богатому творческому наследию Махтумкули Фраги, посетил церемонию 225-летия Махтумкули и отметил, что “верит, что его стихи будут опубликованы в прекрасных книгах на языках различных народов земли”. После обретения Независимости слова этого замечательного писателя оправдалис.

Произведения Махтумкули были переведены на многие языки мира, особенно в 2014 году, к 290-летию поэта. В этом сборнике под названием переведены 30 стихотворений на английский язык, 30 на русский, 14 на арабский, 30 на турецкий, 17 на азербайджанский, 30 на узбекский, 7 на казахский, 4 на китайский и персидский, 13 на испанский и 30 на корейский. Помимо них, стихи поэта были размещены на братских украинском, белорусском, латышском, молдавском, литовском, эстонском, армянском языках, других языках. Благодаря этой книге замечательное наследие Махтумкули стало доступам многим народов мира.

Ogulniýaz Babaýewa, Altyn Ussaýewa
(Türkmenistan)

ÝAŞLARY TERBIÝELEMEKDE MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ ESERLERINIŇ ÄHMIÝETI

Hormatly Prezidentimiziň Magtymguly Pyragynyň dünýä edebiýatynyň altyn hazynasyna giren baý hem-de gymmatly edebi mirasyny, dünýewi garaýyşlaryny, şygyrlaryndaky pelsepe älemini, XVII–XIX asyrlarda türkmen durmuşyna ýetiren uly täsirini ylmy esasda öwrenmek, onuň döredijiliginiň türkmen, şol sanda tutuş Gündogaryň ylmy medeni durmuşy bilen aýrylmaz baglanyşygyny döwrebap sanly tehnologiýalaryň üsti bilen açyp görkezmek, şahyryň şygryýet dünýäsine halkara ylmy-edebi jemgyýetçiligiň ünsüni çekmek hem-de beýik akyldaryň doglan gününiň 300 ýyllygyny halkara derejesinde mynasyp bellemek maksady bilen gol çeken taryhy Karary we Köpetdagyň belent dag gerşinde Magtymguly Pyragynyň ýadygärliginiň bina edilmegi türkmeniň milli buýsanjynyň täze belentliklere göterilýändigini alamatlandyrýar.

Magtymguly Pyragynyň paýhas ummany, dürdäne döredijiligi her bir ynsan, aýratyn-da, ýaş nesil üçin nusgalyk terbiýe mekdebidir. Akyldar şahyrymyz öz döredijiliginde gaýratlylyk, sahawatlylyk, halallyk, päklik, lebzihalallyk, dosta wepalylyk, ynsanperwerlik ýaly ýörelgeleri tekrarlaýar. Magtymgulynyň döredijiliginden eriş-argaç bolup geçýän, adamyň ruhy dünýäsini baýlaşdyrýan, oňa estetiki lezzet berýän eserler milli terbiýäniň esaslaryny emele getirýär.

Magtymguly Pyragynyň şygyrlarynda milli ruh, milli duýgular ynsanyň adamkärçilik sypatlaryny kesgitleýär. Olarda mertlik, watançylyk, ar-namyslylyk, tämizlik, kalby päklik, tebigata we janly-jandarlara söýgi, rehim-şepagat bilen garaýyş, ula-kiçä ýürekden hormat goýmak, wepadarlyk, hoşniýetlilik, mylaýymlyk, pähim-parasatlylyk, salykatlylyk, ynsanperwerlik ýaly häsiýetler öňe sürülýär. Şahyr goşgularynda Watanyň beýikligini hem-de mukaddesligini wasp edýär, nesillere il-ýurduňy söýmegi, ata Watanyňy gözüň göreji ýaly goramagy, hiç wagt dogduk iliňi terk etmezligi sargyt edýär.

Şahyryň döredijiliginde il-günüň abatlygy, abadançylygy, rahatlygy, asudalygy watansöýüjilik ruhunda ýaňlanýar. Olarda gözellik, bagtyýarlyk, ýürege ýol salýan ýakymly duýgular jemlenendir. Pyragynyň şygyrlarynda beýik milletiň baky ýaşaýşynda gadymyýetiň ruhy gymmatlyklary, ruhy gözellikleri özüniň çuňňur mazmuny bilen saklanyp galypdyr. Adamzat dünýäsi olary kalbynda, aňynda eşrepi ýaly saklap, şu günlere getirdi we röwşen geljege geçirýär. Umman dek çuň mana öwrülen türkmen halkynyň beýik akyldary, şahyry, filosofy, başarjaň wesýetçi-terbiýeçisi Magtymgulynyň döredijiliginiň agramly bölegi nesillerden-nesillere ýetirilmek bilen, ynsanlaryň kalbyna ornaşyp, ýurdumyzyň gülläp ösmeginde, ýaş nesillerimiziň milli ruhda terbiýelenmeginde özboluşly ýol görkeziji bolup çykyş edýär. Şonuň ýaly-da, şahyr öz goşgularynda dogry sözlüligi, az sözlüligi, lebzihalallygy, iýen duzuňa ygrarlylygy, ýagşylygy öwüt-ündew edýär. Ýalançylygy, ogry-kezzaplygy, ejize ganymlygy, sütemkärligi ýazgarýar.

Magtymguly Pyragy şahyrana eserleri arkaly edermenlik, batyrlyk, gahrymançylyk, erkinlik häsiýetleri hem-de ylymlaryň dürli durmuş kadalaryny çeperçilik häsiýetleri bilen utgaşdyrýar. Şahyrana pelsepä ýugrulan ajaýyp eserleriň üsti bilen milli ruhuň we kämil terbiýe mekdebiniň şu günlere gelip ýetendigine Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň nesilleriniň buýsanjy egsilmezdir. Dana şahyryň döredijilik gudraty adamzat jemgyýetinde ynsan gatnaşyklarynyň hereketde bolýandygyny, ýaşaýandygyny, dowamat dowamdygyny, milli watansöýüjiligiň esasy häsiýetdigini kesgitleýär. Şahyryň şygyrlarynda agzybirlik, watansöýüjilik, zähmetsöýerlik hakynda dogruçyllyk bilen şahyrana söhbet edilýär. Hut şoňa görä-de, nesilleri milli däplerimiziň çygrynda we ata-babalarymyzyň asylly ýol-ýörelgeleri esasynda terbiýelemekde Magtymguly Pyragynyň eserleri gymmatly hem-de juda ygtybarly çeşmedir.

Ogulniyaz Babayeva, Altyn Ussayeva
(Turkmenistan)

THE SIGNIFICANCE OF THE WORKS OF MAGTYMGULY PYRAGY IN THE EDUCATION OF YOUTH

A historic Decree signed by our Esteemed President with the aim of studying on a scientific basis the rich and valuable literary heritage of Magtymguly Pyragy, which entered the golden treasury of world literature, his secular views, the philosophical world of his poems, his great influence on the Turkmen life of the XVII–XIX centuries, to reveal the inseparable connection of his work with the entire Eastern and Turkmen scientific and cultural life through modern digital technologies, to draw the attention of the international scientific and literary community to the poetic world of the poet and to celebrate the 300th anniversary of the birth of the great thinker at the international level and the erection of the monument to Magtymguly Pyragy on the Kopetdag mountain range marks the rise of Turkmen national pride to a new height.

Works that have penetrated like weft into Magtymguly's creativity, which enrich the spiritual world of a person and give him aesthetic pleasure, form the basis of national education.

Огулнияз Бабаева, Алтын Уссаева
(Туркменистан)

ЗНАЧЕНИЕ ПРОИЗВЕДЕНИЙ МАХТУМКУЛИ ФРАГИ В ВОСПИТАНИИ МОЛОДЕЖИ

Подписанное Уважаемым Президентом историческое постановление в целях научного изучения богатого и ценного литературного наследия, мировоззрения Махтумкули Фраги, вошедшего в золотую сокровищницу мировой литературы, философского мира в его поэзии, огромного влияния на жизнь туркмен в XVII–XIX веках, раскрытия неразрывной связи его творчества с научно-культурной жизнью туркменского народа, в том числе всего Востока посредством современных цифровых технологий, привлечения внимания международной научно-литературной общественности к его поэтическому миру, а также празднования на международном уровне 300-летия со дня рождения великого мыслителя, и возведение на высоком

склоне горы Копетдаг памятника Махтумкули Фраги означают возвышение национальной гордости туркмен на новую высоту.

Произведения творчества Махтумкули, обогащающие духовный мир человека составляют основу национального воспитания.

Annagül Balkanowa
(Türkmenistan)

"ÝUSUP-ZÜLEÝHA" ÝORDUMYNYŇ MAGTYMGULYNYŇ DÖREDIJILIGINDE IŞLENILIŞI

Gözelligiň nyşany bolup, dünýä edebiýatyna giren Ýusupdyr Züleýhanyň edebi keşbi aslynda halk döredijiliginiň önümidir. Magtymguly "Ýusup-Züleýha" ýordumyny yzarlap "Atly ýaranlar" poemasyny we birnäçe goşgularyny düzýär. Pyragy "Aýrylmadymy" atly goşgusynda: "Leýli Mejnunyndan, Şirin Perhatdan, Wamyk Uzrasyndan aýrylmadymy?", "Söýmüşem seni" goşgusynda: "Ýakup ýurt etdi Kengany, Ogludyr Müsür soltany, Misli Ýusup Züleýhany, Söýen dek söýmüşem seni" diýip ýazýar. Ýagny bu goşguda liriki gahryman pygambere bolan söýgüsini Ýusubyň Züleýha, Mejnunyň Leýlä bolan söýgüsine deňeýär. Ol öz duýgusynyň nä derejede güýçlüdigini meňzetme çeperçilik serişdesiniň üsti bilen açyp görkezýär. Ýusup örän görmegeý we asylly ýigit bolupdyr, şoňa görä, onuň ady owadanlygyň nyşany hökmünde Gündogar edebiýatynda, şol sanda Magtymgulynyň döredijiliginde wasp edilmegini gazanypdyr. Şahyr: "Isa geçdi jan berip murda, Eger açsa Ýusup ýüzünden perde, Gören bihuş bolup, ýatar şol ýerde, Şeýle husny mahy-taban geçipdir" diýip, meňzetme çeperçilik serişdesinden ussatlyk bilen peýdalanyp onuň görküni dolan Aýa deňeýär. Magtymgulyny onuň diňe bir gözelligi däl, eýsem adamkärçiligi, çydamlylygy, dogruçyllygy özüne çekýär. Ol hut şonuň üçin hem "Jan içinde" atly poemasynda: "Umytly bol, Ýusup dek, Sabyrly bol Eýýup dek, Ger ugraşsaň Ýakup dek, Derde Kengan içinde" diýip, Ýusubyň keşbiniň üsti bilen, umytly bolmaklygy ündeýär. Çünki agalarynyň gul edip satmagyna, Züleýhanyň yşkyny ret edenligi üçin zyndana düşmegine garamazdan, ruhdan düşmeýär.

"Ýusup-Züleýha" ýordumynyň ýene bir gahrymany, Ýusubyň ýary bolan Züleýhadyr. Züleýha "zalh" diýen sözden alnyp, manysy aýagyň taýýan ýeri diýmekdir, çünki Züleýha gözellikde şeýle bir kämil derejä ýetipdir, ony görenleriň akyly çaşyp, aýaklary taýypdyr. Şonuň üçin arap dilinde oňa şeýle at berlipdir. Züleýhanyň asyl ady "Tefsiri-Tabaryda" hem-de Ibn al Esiriň "Taryh el-kämil" kitabynda Ragyl diýlip görkezilýär. Käbir alymlar Ragyl Züleýhanyň siriýaça ady diýip belläpdir, araplar bolsa oňa Züleýha diýip at beripdirler. Züleýhanyň ady

X asyrdan öňki kitaplarda gabat gelenok. Dini rowaýatlara görä, Züleýha Müsür häkimi Potifaryň aýaly. Potifar Ýusuby gul hökmünde satyn alýar. Züleýha bolsa oňa aşyk bolýar. Emma Ýusup onuň söýgüsine perwaýsyzlyk edýär. Züleýha bolsa ärine Ýusupdan şikaýat edip, ony tussag etdirýär. Magtymguly goşgusynda: "Arzuwly ýaryndan, gül dek ýüzünden, Ýusup Züleýhadan aýrylmadymy?" diýip, olaryň aýra düşendigini belleýär. Züleýhanyň töhmet atmagy sebäpli, Ýusup tussaglykda köp görgüleri görýär. Emma hiç umytdan düşmeýär. Zyndandan boşandan soň, Müsüriň häkimi bolýar. Şol döwürde horlanyp, iki gözi kör bolan Züleýha onuň dinini kabul edýär. Rowaýata görä, Züleýha, göýä, Ýusubyň dogasy arkaly ýigdelýär we gözleri açylýar. Soň Ýusup Züleýha öýlenýär. Bu gahrymanlaryň görküniň ajaýyp bolanlygy üçin, Magtymguly özüniň "Gözel sen" diýen goşgusynda: "Yşk bilen açylan bir täze gül sen, Ýusup, Züleýhanyň taýy, gözel sen!" diýip, öz magşugyny Ýusup bilen Züleýhanyň gözelligine deňeýär.

Aslynda halk döredijiliginiň önümi bolan "Ýusup-Züleýha" ýordumy birnäçe şahyrdyr ýazyjylar tarapyndan işlenilip, ýüzlerçe adybir eserleriň döredilmegine getiripdir. Bu bolsa ýordumyň mazmun, çeperçilik taýdan gyzyklydygyndan, kämilliginden nyşandyr. "Ýusup-Züleýha" ýordumy Magtymgulynyň döredijiliginden hem sowlup geçmändir. Pyragy bu ýordumy yzarlap, üç sany goşgy döredýär. Onuň ýigrimä golaý goşgusynda bolsa Ýusupdyr Züleýhanyň ajaýyp edebi keşbine duş gelmek bolýar.

Magtymgulynyň "Çekem Ýusup diýe-diýe" atly gazalyň mazmunyny, söz ussadynyň sopuçylyk garaýyşlaryny görkezmäge synanyşdyk. "Arap tilli söwdügim" diýen bäşlemesinde şahyryň "Atly ýaranlar" poemasyndaky pikirleriniň ösdürilişini we bäşlemäniň formasyny hem-de gelip çykyşyny açyp görkezdik.

Umuman, şu ylmy işimizde "Ýusup-Züleýha" ýordumynyň işlenilişi, onuň Magtymgula eden täsirini, onuň bu ýordum esasynda döreden goşgularyny, gahrymanlarynyň edebi keşpleriniň beýan edilişini, goşgy formalaryny, ideýa-mazmunyny alymlaryň eden işleriniň esasynda we öz pikirimizçe beýan etdik.

Annagul Balkanova
(Turkmenistan)

ARRANGEMENT OF THE STORYLINE OF THE EPIC "YUSUP AND ZULEYHA" IN THE WORK OF MAGTYMGULY

Analyzing the storyline of the epic "Yusup and Zuleyha", Magtymguly composed the poem "Horsemen Allies" and several poems. In the poem "Have not they parted?" he writes: "Didn't Leyli parted with Mejnun, Shirin with Perhat, Vamyk with Uzra?", and in the poem "I fell in love with you," the poet notes: "Yakup ruled the country of Kengan, His son is the ruler of Egypt. Like Yusup

and Zuleyha, And I fell in love with you". Magtymguly was attracted not only by his beauty, but also by his humanity, endurance and honesty. That is why in his poem "In the Hearts" he calls for hope through the image of Yusup. Thanks to the beautiful images of these heroes, Magtymguly wrote in the poem "Beauty": "Your face blooms like a rose in the time of love, Zuleyha and Yusup you, my friend, are a beauty!" He compares his beloved with the beauty of Yusup and Zuleyha.

We have tried to reveal the content of Magtymguly's gazelle "Chekem Yusup diye-diye" and the Sufi views of the artist in words. In the five-line "Arap Tilli Sovdugim" we revealed the development of the poet's thoughts in the poem "Horsemen Allies", the form and origin of the five-line stanza.

Аннагуль Балканова
(Туркменистан)

ОБРАБОТКА СЮЖЕТНОЙ ЛИНИИ ЭПОСА "ЮСУП-ЗУЛЕЙХА" В ТВОРЧЕСТВЕ МАХТУМКУЛИ

Анализируя сюжетную линию эпоса "Юсуф-Зулейха", Махтумкули сочинил на данную тему поэму и несколько стихотворений. В стихотворении "Не расстались ли" он пишет: "Не расстались ли Лейли с Меджнуном, Ширин с Перхатом, Вамык с Узрой?", а в стихотворении "Полюбил тебя", поэт отмечает: "Якуб правил страной Кенган, Сын его – правитель Египта. Как и Юсуф Зулейху, И я полюбил тебя". Махтумкули привлекает в нем не только его красота, но и человечность, выносливость и честность. Именно поэтому в своем стихотворении "В сердцах" он призывает к надежде через образ Юсуфа. Благодаря красоте образа этих героев Махтумкули написал в стихотворении "Красавица": "Лик твой в пору любви, словно роза, цветет, Зулейха и Юсуф – ты, мой друг, красавица!" Он сравнивает свою возлюбленную с красотой Юсуфа и Зулейхи.

Tirkeş Balyşew, Baýrambaý Dosnazarow
(Türkmenistan)

MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ ESERLERINDE ŞAHSYÝETE BERILÝÄN ÝOKARY BAHA

Ajaýyp şygyrlary bilen ynsan kalbyny ýagşylyk nuruna bezeýän türkmeniň beýik akyldar ogly Magtymguly Pyragynyň şygyrlar ummanyny has düýpli öwrenmek, dünýä ýaýratmak we adyny ebedileşdirmek barada Berkarar döwletiň

täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň ýörelgesini täze eýýamyň ruhunda aýdyň ýöredýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň pähim-parasatly baştutanlygynda bimöçber işler amala aşyrylýar.

Gahryman Arkadagymyzyň: "Adamzadyň arzyly oý-hyýallaryny jahana ýaýan şahyr bu gün ynsanlaryň buýsanjyna öwrüldi. Onuň ynsan kalbynda inçe duýgulary oýarýan şygryýet dünýäsi bu gün türkmen jemgyýetiniň, şu günki we geljekki nesillerimiziň ruhy kämilligini, ruhy sagdynlygyny üpjün edýän täze ideologiýamyzyň ruhy binýatlarynyň biridir"diýip belleýşi ýaly, bu günki-gün hem beýik söz ussadynyň şygyrlary biziň günlerimiziň jarçysy, bagtyýarlyk döwrümiziň buşlukçysy hökmünde ýaňlanýar.

Beýik akyldaryň şygryýeti türkmen halkynyň ajap eýýam hakdaky garaýyş-larynyň, özbaşdak Berkarar döwleti gurmak, adalatlylyk, agzybirlik, ynsanperwerlik, päk ahlaklylyk baradaky asyrlar boýy eden arzuwlarynyň beýanydyr.

Gündogar edebiýatynda özüniň ajaýyp we gaýtalanmajak döredijiligi bilen öçmejek yz galdyran türkmeniň akyldar ogly Magtymguly Pyragynyň edebiýat meýdanyna gelmegi hem-de onuň özboluşly şygryýet dünýäsi adamzadyň asyrlar boýy halk döredijiligidir ýazuw ýadygärliklerinde döreden edebi mirasyndan üzňe bolman, eýsem, şahyryň döredijiligi şol eserler bilen aýrylmaz baglanyşyk saklaýar.

Akyldar şahyr Magtymguly Pyragynyň şygryýet ummanynyň terbiýeçilik ähmiýeti örän uludyr. Onuň parasatly sözleri diňe bir asyryň ýaşlaryny terbiýelemek bilen çäklenmän, eýsem, ähli asyrlaryň, hatda, biziň şu günki günlerimiziň hem terbiýe mekdebidir.

Magtymguly Pyragynyň kämil şahyrana şahsyýetiniň ýene bir aýratyn tarapy onuň türkmen edebi diliniň düýbüni tutanlygydyr. Soňky ýaşap geçen şahyrlara akyldar uly täsir edipdir.

Akyldar şahyryň edebi mirasy – köptaraply. Onuň döredijiliginde watançylyk, durmuş baradaky garaýyşlar, ynsan terbiýesi, söýgi, gözellik, ahlaklylyk ýaly meseleler öz ornuny tapypdyr. Döredilen döwründen bäri şahyryň goşgulary saza goşulyp, aýdym edilip aýdylýar.

Şygyr setirlerinde olaryň utgaşyklylykda beýan edilmegi bolsa şahyryň şahyrana ussatlygyndan habar berýär. Şu mynasybetli-de Magtymguly Pyragynyň şahyrana dünýäsi müňýyllyklaryň dowamynda kemala gelen türkmen pelsepesine, milletiň kalbynyň owazyna, türkmen ruhunyň synmajak sütünine öwrülip, köpleriň ünsüni özüne çekýär.

Häzirki wagtda hem Magtymguly atamyzyň eserleriniň daşary ýurt dilleriniň birnäçesine terjime edilip, kitap bolup çykaryldy. Daşary ýurtlarda Magtymguly Pyragynyň döredijiligine bagyşlanan halkara ylmy maslahatlar geçirilýär. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda biziň ýurdumyzda amala aşyrylýan köptaraplaýyn işleriň, şol sanda milli medeniýetimizi, mirasymyzy öwrenmek

we ösdürmek babatda edilýän işleriň ykrarnamasy, adamzat ähmiýeti milli ideýalarymyzyň kabul edilmesi hökmünde görkezip bolar. Daşary ýurtlarda Magtymguly atamyzyň heýkelleriniň oturdylmagy halkyň parasadyna goýlan ýokary bahadyr. Şeýle-de Magtymguly Pyragynyň ajaýyp şahsyýeti dünýäniň dürli künjeklerinden bolan türkmen medeniýetiniň taryhyny öwrenijileriniň, alym-edebiýatşynaslaryň, sungaty öwrenijileriň, ýazyjylaryň aýratyn ünsüni çekýär.

Tirkesh Balyshev, Bayrambay Dosnazarov
(Turkmenistan)

HIGH PERSONAL ASSESSMENT IN THE WORKS OF MAGTYMGULY PYRAGY

Magtymguly Pyragy, a Turkmen philosopher who left a mark in Eastern literature with his wonderful and unique creativity, his unique world of poetry are inseparable from the literary heritage created by the written monuments of mankind over the centuries, but the poet's work is inextricably linked with these works.

Even today Magtymguly's works have been translated into several foreign languages and published as a book. International scientific conferences dedicated to the work of Magtymguly Pyragy are held abroad. Recognition of the multifaceted activities carried out in our country under the leadership of our Arkadagly Hero Serdar, including activities related to the study and development of our national culture and heritage, can be manifested as recognition of our national ideas of universal significance.

Тиркеш Балышев, Байрамбай Досназаров
(Туркменистан)

ВЫСОКАЯ ОЦЕНКА ЛИЧНОСТИ В ПРОИЗВЕДЕНИЯХ МАХТУМКУЛИ ФРАГИ

Махтумкули Фраги, туркменский философ, оставивший след в восточной литературе своим прекрасным и неповторимым творчеством, его неповторимый мир поэзии неотделимы от литературного наследия, созданного письменными памятниками человечества на протяжении веков, и его творчество поэта неразрывно связано с этими произведениями.

Даже сегодня произведения Махтумкули переведены на многие языки. За рубежом проводятся международные научные конференции, посвященные

творчеству Махтумкули Фраги. Признание многогранной деятельности, проводимой в нашей стране под руководством нашего Аркадаглы Героя Сердара, в том числе деятельности, связанной с изучением и развитием нашей национальной культуры и наследия, может быть проявлено как признание наших национальных идей общечеловеческой значимости.

Batyr Baýliýew, Bostan Çakanowa
(Türkmenistan)

MAGTYMGULY – HALKYŇ ŞIRIN ZYBANY HEM PÄK AHLAGY

Akyldaryň şahyrana dünýäsi, döredijiliginiň çuňňur pelsepe gymmatlygy bu gün dünýä tarapyndan ykrar edildi. Hut Magtymguly ýaly beýik akyldary dünýä beren türkmen halky bu günki gün onuň şahsyýetini, şygyrlarynyň gymmatyny hormatlap, akyldaryň adyny ýüregine ebedi nagyşlady. Çünki Magtymguly – halkyň şirin zybany hem päk ahlagy. Ol – eserlerini milli ruha eýlän Watan ogly. Magtymguly bütin ömürboýy iline-halkyna hyzmat edipdir, ähli ukybyny, başarnygyny şoňa bagyşlapdyr. Şahyr hemişe Watan hakyndaky oý-pikirler bilen ýaşapdyr. Watana bolan çäksiz, gyzgyn söýgi, uly buýsanç Magtymgulynyň goşgularynda belent owaz bilen ýaňlanýar. Şeýle mähirli garaýyşlar bilen hem ol il-ýurdunyň abadançylygyny, bagtly, gözel durmuşda ýaşamagyny, ähli işleriniň rowaçlanmagyny arzuw edipdir.

Magtymguly Pyragy Watany söýmegi, ony gözüň göreji ýaly gorap saklamagy her bir türkmeniň mukaddes borjy hasaplaýar:

Eşit, adam, dogan ilden –
Gaýry mähriban ýurt bolmaz.

Akyldar şahyr Watany goramakda hiç bir adamyň çetde durmaly däldigini, onuň hökmany borjy bolup durýandygyny tekrarlap, hakyky watançy batyr goç ýigit üçin derwaýys, zerur şertleri birin-birin sanap geçýär. Magtymguly Pyragynyň pikiriçe, Watan goragyna çykan adam öýli-işikli, at-ýaragy gurat hem-de azyk üpjünçiligi ýerli-ýerinde bolmagy. Şeýle hem ol kesbi-kärini, watançylyk däplerini, borçlaryny, görüm-göreldäni dowam etdirer ýaly nesil terbiýeläp ýetişdirmeli, ýagny geljekde öz ornuny tutar ýaly orny bolmaly. Şahyr “Aty gerekdir” atly goşgusynda bu barada giňişleýin durup geçýär.

Magtymguly Pyragynyň goşgulary, şygyrlaryndaky çuňňur manyly pikirler ynsan üçin könelmeýän, hiç haçan täsirini ýitirmeýän uly bir terbiýeçilik mekdebidir. Şahyryň goşgularynda adamkärçilik, ynsanperwerlik, päk ahlaklylyk

ýaly durmuşyň meseleleri ussatlyk bilen beýan edilýär. Döwrebaplyk şahyryň eserleriniň baky hemrasy bolup galýar. Magtymguly Pyragynyň watançylyk, ahlak päkligi, söýgi, mertlik, gahrymançylyk, agzybirlik, myhmansöýerlik, zenan mertebesi, zähmetsöýerlik, salyhatlylyk, edeplilik we gaýry meselelere degişli aýdan pikirleri biziň günlerimizde hem tämiz owaz bilen ýaňlanýar, täze şöhle bilen şugla saçýar.

Akyldar Pyragynyň eserleriniň adamzadyň, her bir ynsanyň gyzyklanmasyna eýe bolýandygynyň uly manysy bar. Sebäbi dana şahyryň şygyrlarynyň uly bölegi öwüt-ündew, ýagşylygy wagyz etmek bilen baglanyşyklydyr. Öwüt-ündew edilýän eserlerde mazmuny pähim-paýhas, akyl-düşünje öwretmek bilen baglanyşykly bolýar. Bu şygyrlar düşünjäňi ösdürýär, durmuş hakyndaky pikiriňi baýlaşdyrýar. Şeýle eserler okyjylar köpçüligi tarapyndan çuňňur gyzyklanma eýe bolýar. Şeýlelikde, şahyryň eserleri ynsan kalbynda orun alýar. Alymlar Magtymguly Pyragyny adamzat kalbynyň şahyry diýip belleýärler. Bu gymmatlyklara göz ýetirenimizde, adamzat kalbynyň şahyry Magtymguly Pyragynyň edebi mirasyna ýene bir ýola düşünýäris, şahyra belent sarpa goýýarys.

Beýik akyldaryň ynsanperwerlik, milli ýörelgeler baradaky şygyrlary terbiýeçilik ähmiýetini has-da giňeldýär. Gahryman Arkadagymyzyň parasatly belleýşi ýaly, Magtymguly ylmyň, edebiýatyň, dünýä medeniýetiniň özünden öňki gazananlaryny akyl eleginden geçirip, dürdäne eserleri döretdi. Beýik şahyr milli edebiýatymyzy has-da ösdürdi we türkmen dilini baýlaşdyrdy. Şahyryň umumadamzat medeni-ruhy hazynasyna giren şygyrlary çeper edebiýatymyzy belende göterip, indi üç asyra golaý wagt bäri dünýä dilleriniň köpüsinde ýaňlanýar. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň alyp barýan tutumly işleriniň çäklerinde milli mirasymyzy, edebi gymmatlyklarymyzy, şol sanda akyldar şahyryň döredijilik älemini öwrenip, halka ýetirmäge uly üns berilýär.

Batyr Bayliyev, Bostan Chakanova
(Turkmenistan)

MAGTYMGULY – THE MIRACLE AND MORALITY OF THE PEOPLE

Since the 19th century, the work of our thinker-poet Magtymguly Pyragy has been of great interest to literary scholars and researchers of the East. Since the 18th century, Magtymguly lived in the home, soul, and consciousness of every Turkmen. When you say “Turkmen”, Magtymguly comes to mind, and when you say Magtyumguly you remember the word confident. The work of the great thinker is significant because the poet expresses important problems of his time at a high ideological and artistic level and is inspired by ideas that support the interests of humanity.

The poetry of Magtymguly Pyragy – the wonderful poems of our wise poet, is an invaluable treasure in the formation of patriotism, teaching manners, and giving a noble education to the youth of the world. The poems of the wise poet, dedicated to national education, appeal to any person, regardless of age. This opens the way to honesty, decency, and purity in his soul.

Батыр Байлиев, Бостан Чаканова
(Туркменистан)

МАХТУМКУЛИ- ЧУДО И НРАВСТВЕННОСТЬ НАРОДА

Уже с XIX века творчество нашего мыслителя-поэта Махтумкули Фраги вызывает большой интерес у литературоведов и исследователей Востока. Когда говоришь “туркмен”, на ум приходит Махтумкули, а когда говоришь Махтумкули вспоминаешь слово “всё постигший”. Творчество великого мыслителя значимо тем, что поэт на высоком идейно-художественном уровне выражает важные проблемы своего времени, вдохновляется идеями, выражащими интересы человечества.

Поэзия Махтумкули Фраги – это прекрасные стихи нашего мудрого поэта, они являются бесценным сокровищем в формировании идей патриотизма, благородства, толерантности. Стихи мудрого поэта, посвященные национальному воспитанию, близки любому человеку, независимо от возраста.

Nursoltan Baýramdurdyýewa, Dürli Arslanowa
(Türkmenistan)

MAGTYMGULYNYŇ DÖREDIJILIGINDE YNSANPERWERLIK

Magtymguly Pyragy dünýä medeniýetine diňe bir milli şahyr bolup girmän, umumadamzat medeniýetiniň hem iň görnükli wekilleriniň biri beýik şahyr we akyldardyr. Beýik akyldar hakyndaky taryhy çeşmelere salgylansaň, ol diňe öňe garapdyr. Beýik şahsyýetler hasaplanylýan Ferdöwsi, Rumy, Nyzamy, Nowaýy ýaly şahyrlara, Sokrat, Ibn-Sina kimin akyldarlara tarap ýöräpdir.

Ol öz çylşyrymly, agyr zamanasynyň ogly bolup, türkmen nusgawy edebiýatynyň däplerine eýerip, milli şygryýeti arşa çykarypdyr. Onuň ynsanperwerlige ýugrulan şygryýeti ençeme asyrlap watandaşlaryny ruhy tarapdan kämilleşdirip gelipdir. Şu günki günde ol biziň hem watandaşymyz bolup, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň syýasy, ruhy

bitewüligini, agzybirligini berkitmekde uly ähmiýete eýe bolup durýar. Şonuň üçin bitewi döwleti, agzybir halky arzuw edip, bütin ömrüni ata Watany taryplap, öz halkyny jebislige çagyryp, ili bilen bir howadan dem alyp ýaşan şahyrlaryň biriniň akyldarymyz Magtymguly Pyragydygyna türkmen halky hemişe-de buýsanyp ýaşaýar.

Watan, döwlet, halk, agzybirlik diýen ganatly sözler agzalanda, ilkinji nobatda, akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň: "Berkarar döwlet istärin" diýen ajaýyp setirleri seriňe dolýar. Berkarar döwleti arzuw eden, agzybirligi we bitewüligi wagyz eden Magtymguly Pyragy akyl äleminiň bakylyk çyragydyr. Magtymguly Pyragy agzybirligiň bar ýerinde döwletliligiň, abadançylygyň, bitewüligiň bolýandygyny öz şygyrlary arkaly beýan edipdir.

Magtymguly Pyragy sözüň doly manysynda milli şahyr. Bu bolsa şahyryň şygyrlarynyň halkylygyny ýokarlandyrýar hem-de ony belent derejä beýgeldýär. Şahyryň tutuş döredijilik dünýäsi türkmeniň milli ruhuna ýugrulan eserlerden ybarat. Dana şahyr öwüt-nesihat häsiýetli şygyrlarynda merdi-namardy, ýagşy-ýamany, haram-halaly bir-birine garşy goýmak bilen olaryň tapawudyny aýyl-saýyl edip bilipdir.

Umuman, türkmen halky özüniň Magtymguly ýaly şahyry bolany üçin bagtyýardyr. Türkmen halkyny, türkmen edebiýatyny Magtymguly Pyragysyz göz öňüne getirmek asla mümkin däl. Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow Magtymguly Pyraga uly baha bermek bilen: "Ajaýyp şygyrlary bilen ynsan kalbyny ýagşylyk nuruna bezän türkmeniň akyldar ogly Magtymguly Pyragynyň mertebesi türkmen halky üçin iň belentde goýulýan mukaddeslikleriň biridir" diýip jaýdar belleýär.

Söz äleminiň zergäri Magtymguly Pyragynyň edebi mirasy, ýiti pähim-paýhasy, belent mertebesi, ruhy baýlygy, dil baýlygy, pikir ummanlygy, umuman, şygryýet äleminiň bahasyna ýetip bolmajak gadyr-gymmmaty babatda şundan aýdyň, şundan çuň kesgitlemek asla mümkin däl.

Gündogaryň beýik akyldary Magtymguly Pyragynyň eserlerinde umumadamzada mahsus ynsanperwerlik meselesi uly orun eýelemek bilen ol tutuşlygyna edep-terbiýe mekdebine ýugrulandyr. Alym Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň: "Magtymgulynyň dogruçyl, hakykatçy, lebizli, ygrarly bolmak baradaky pähim-parasata ýugrulan döredijiligi söz sungatynyň başlangyjy hasaplanylýan baý folklor çeşmelerine daýanýar. Şeýle hem Magtymgulynyň goşgulary özüniň köptaraplylygy, dürlüligi, many-mazmuna baýlygy, çeperçiligi bilen aýratyn tapawutlanýar. Onuň dürli çeperçilik tärlerinden ussatlarça peýdalanyp bilmegi, şahyrana dili ynsan kowmunyň nesillerine berýän pendini örän täsirli edýär" diýen parasatly sözleri, akyldaryň döredijiliginiň ýaş nesilleriň geljegine giň ýol açýan terbiýe mekdebidigini subut edýär.

Ynsanperwerligiň belent nusgasyny görkezen Magtymguly Pyragy mydama halk bilen bir howadan dem alypdyr, onuň isleg-arzuwy, şatlygy, gam-gussasy, dünýägaraýşy, Watana söýgüsi, ony goramak hakyndaky tagallalary, adamkärçilik mertebeleri bilen ýaşapdyr. Şahyryň döredijiligi ýaş nesli terbiýelemekde ýol-görkeziji bolup hyzmat edýär. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ösüp gelýän ýaş nesilleri terbiýelemekde Magtymguly Pyragynyň döredijiligi egsilmez hazynadyr.

Nursoltan Bayramdurdyyeva, Durli Arslanova
(Turkmenistan)

HUMANISM IN THE CREATIVE WORK OF MAGTYMGULY

When such winged words as Homeland, state, people and unity are said, first of all, the wonderful lines of our poet-thinker Magtymguly Pyragy come to mind: "I long for an independent state". The poet, who dreamed of an independent state and promoted unity and integrity, is an eternal torch in the intellectual world. He expressed in his poems the idea that where there is unity, there will be statehood, prosperity and integrity.

In general, the Turkmen people were lucky to have such a poet as Magtymguly. It is impossible to imagine the Turkmen people and Turkmen literature without Magtymguly Pyragy. For this reason, our Hero Arkadag Gurbanguly Berdimuhamedov highly appreciated our outstanding poet, appropriately noting: "The dignity of Magtymguly Pyragy, the wise son of the Turkmens, who filled the human soul with the light of goodness with his excellent poems, is one of the highest values for the Turkmen people".

Нурсолтан Байрамдурдыева, Дурли Арсланова
(Туркменистан)

ГУМАНИЗМ В ТВОРЧЕСТВЕ МАХТУМКУЛИ

Когда произносятся такие крылатые слова, как "Родина", "государство", "народ", "единство" прежде всего на ум приходят замечательные строки нашего поэта-мыслителя Махтумкули Фраги: "Я вожделею независимое государство". Поэт, мечтавший о независимом государстве и проповедовавший единство и целостность, является вечным светочем интеллектуального мира. Он выражал в своих стихах идеи о тои, что там, где есть единство, будет государственность, процветание и целостность.

Невозможно представить туркменский народ и туркменскую литературу без Махтумкули Фраги. Наш Герой – Аркадаг Гурбангулы Бердымухамедов дал высокую оценку выдающемуся поэту, уместно отметив: “Достоинство Махтумкули Фраги, мудрого сына туркмен, наполнившего душу человека светом добра своими прекрасными стихами, является одной из высших ценностей для туркменского народа”.

Kakajan Baýramow, Aýna Geldimyradowa
(Türkmenistan)

“MAGTYMGULY DIÝIP ADYM TUTSALAR”

Türkmen nusgawy edebiýatynyň ägirdi Magtymguly Pyragy özüniň dürdäne setirleri bilen diňe türkmen halkynyň däl, eýsem dünýä halklarynyň kalbynda baky orun aldy.

Magtymguly Pyragynyň şanyna şahyrana döredilen waspnamalar uly hyjuw bilen diňlenilýär. Beýik şahyryň kitaplary ýaş nesiller üçin gymmaty egsilmejek mirasdyr. Muňa Nurmyrat Saryhanowyň “Kitap” hekaýasyny mysal getirmek bolar, ýagny eserde hat-sowatdan başy çykmaýan türkmen gojasynyň dünýä malyny – guba düýesini Magtymguly Pyragynyň kitabyna çalşyşy türkmeniň beýik şahyrynyň eserleriniň miras hökmünde asyrlardan-asyrlar aşyp gelýändigini mynasyp şekilde şöhlelendirýär. Häzirki wagtda bolsa şahyryň goşgular ýygyndylary dünýäniň köp dillerine, şol sanda türk, rus, iňlis, azerbaýjan, arap, ermeni, belarus, gazak, özbek, täjik, gruzin, ukrain, hytaý, ýapon, rumyn we beýleki dillere terjime edildi. Akyldar şahyryň döredijiligi şekillendiriş sungatynyň ähli görnüşlerinde, nurana keşbi heýkeltaraşlaryň dürli ýyllarda döreden birnäçe işlerinde hem özüniň mynasyp ornuny tapdy. Ussat heýkeltaraşlar tarapyndan döredilen Magtymguly Pyragynyň heýkeliniň ýurdumyzyň çäginde we dünýäniň birnäçe ýurtlarynda goýlandygy her bir türkmeni buýsandyrýar.

Mälim bolşy ýaly, birnäçe ýyl ozal paýtagtymyzyň günorta künjegindäki Köpetdagyň dag eňňidinde Magtymguly Pyragynyň heýkelini gurmak hem-de bu ýerde çeper okaýyşlary, edebi agşamlary we köpçülikleýin medeni çäreleri guramak üçin ähli şertleri döretmek kararyna gelindi. Türkmenistanyň halk suratkeşi, heýkeltaraş Saragt Babaýewe 60 metr beýiklikdäki Magtymguly Pyragynyň täze ýadygärlik heýhelini döretmek tabşyryldy. Magtymguly adyndaky Halkara baýragyň iki gezek eýesi Saragt Babaýew üçin akyldar şahyryň ýadygärligi boýunça ilkinji iş däl. Onuň döreden türkmen edebiýatynyň nusgawy şahyrlarynyň heýkelleri Stawropolda, Astrahanda (Russiýa), Ankarada (Türkiýe) oturdyldy. Şeýle-de bolsa, täze heýkeltaraşlyk taslamasy özboluşlylygy we göwrümi bilen tapawutlanýar.

Saglyk ýolunyň golaýynda tebigy baýyrda medeni-seýilgäh toplumynyň çäklerinde ýerleşdirilen şahyryň eseri türkmen halkynyň Garaşsyz, Bitarap döwlet bolandygyna buýsanyp bakýandygyny beýan edýär. Ussat heýkeltaraş Saragt Babaýew bu döredijilik eserine "Magtymguly Pyragy" ýa-da "Magtymguly atam" diýip atlandyrmak bolar diýip belläp geçýär. Bu bolsa Magtymguly Pyraga – beýik atamyza goýulýan sarpadan nyşandyr. Şahyr "Berme pelege" diýen şygrynda şeýle belleýär:

"Magtymguly" diýip adym tutsalar,
Gören göz jort atar eşden gulaga.

Saragt Babaýewiň aýtmagyna görä, heýkeltaraşlyk sungaty agyr zähmeti, çeperçiligi, sabyrlylygy, zähmetsöýerligi talap edýär. Heýkel bölek-bölek görnüşde ýasalyp, onuň nepis aýna ýaly tekiz görünmegi üçin, aýnanyň kömegi bilen heýkel bölekleriniň ýüzleri ýylmanylýar, ýagny aýna suwlanylyp toýna degrilende ol suwuň akymyna aýnanyň görnüşi ýaly tekizlenilýär. Beýik akyldaryň heýkelini ýasamak birnäçe tapgyrdan ybarat bolup, *birinji tapgyrynda* plastilinden boýy 20 sm, *ikinji tapgyrynda* hem plastilinden boýy 61 sm, üçünji tapgyrynda toýundan (palçykdan) boýy 2,30 m, *dördünji tapgyrynda* gipsden boýy 9,5 m heýkel ýasalypdyr.

Häzirki wagtda Köpetdagyň eteginde, tebigy belentlikde dikilen Magtymguly Pyragynyň keşbi heýkeli ýasamagyň iň soňky *bäşinji tapgyry* bolup, boýy 60 metre, ini 25 metre deňdir. Hasaplamalar netijesinde beýik akyldaryň keşbini ebedileşdirmek üçin müň tonna bürünç ulanylýar. Heýkeltaraş awtor Saragt Babaýewiň pikirine görä, bu eserde Gündogaryň tanymal şahyrlarynyň, edebiýatçylarynyň, filosoflarynyň hatarynda tanalýan, halkyň arzuw-hyýallaryny, agzybirligi, parahatçylygy, jebisligi, bitaraplygy, erkinligi dünýä ýaýan ynsanperwer dana şahyryň beýikligi beýan edilýär.

Kakajan Bayramov, Ayna Geldimyradova
(Turkmenistan)

"IF THEY WILL CALL ME MAGTYMGULY"

Magtymguly Pyragy, the master of Turkmen classical literature, won an eternal place in the hearts not only of the Turkmen people, but also of the peoples of the world with his beautiful verses.

Master sculptor Saragt Babayev created the sculpture of great poet notes that this work of art can be called "Magtymguly Pyragy" or "Magtymguly Father". This is a sign of respect for Magtymguly Pyragy - our great grandfather. The poet mentions in his poem "Berme Pelege":

Magtymguly diýip adym tutsalar,
Gören göz jort atar eşden gulaga.

As our Hero Arkadag pointed out, “Magtymguly Pyragy is a humanist poet who lived in the most complicated period of the history of the Turkmen people and served great goals such as unity, independence, and building an independent state with his creativity”.

Какаджан Байрамов, Айна Гельдымурадова
(Туркменистан)

“НАЗОВУТ МЕНЯ МАХТУМКУЛИ”

Махтумкули Фраги, своими замечательными строками завоевал вечное место в сердцах не только туркменского народа, но и народов мира.

Мастер-скульптор Сарагт Бабаев, создавая скульптуру великого поэта, отмечает, что это творческое произведение можно назвать “Махтумкули Фраги” или “Махтумкули атам (прадед)”. Это знак уважения к поэту. Поэт так говорит в своем стихотворении “Берме пелеге”:

Magtymguly diýip adym tutsalar,
Gören göz jort atar eşden gulaga.

Как отметил наш Герой – Аркадаг, “Махтумкули Фраги – поэт-гуманист, живший в сложнейший период истории туркменского народа и своим творчеством служивший таким великим целям как единство, независимость, построение независимого государства”.

Maksat Baýmyradow
(Türkmenistan)

MAGTYMGULYNYŇ DÖREDIJILIGINDE ÝARAMAZ ENDIKLER BARADA PIKIRLER

Türkmen edebiýatyny öwreniş ylmynda akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň durmuş we döredijilik ýoluny öwrenmekde belli bir derejede işler, muňa garamazdan, heniz hem edilmeli işler köp.

Şahyryň ömri we döredijiligi baradaky maglumatlar eýýäm XIX asyryň ortalarynda Ýewropa ýurtlaryna aralaşypdyr. Bu ýerde rus diplomatiýasynda işlän polýak ýazyjysy A. Hodzko-Boreýkonyň Londonda 1842-nji ýylda çap edilen işini mysal getirmek bolar. Şondan soňra I.N.Berezin, A.Wamberi, F.Bakulin dagylar şahyr barada gysga maglumatlary okyjylara ýetiripdirler.

Özbek doganlarymyz üçin Alyşir Nowaýy, gazak doganlarymyz üçin Abaý Kunanbaý kim bolan bolsa biz türkmenler üçin Magtymguly Pyragy hem şeýledir: ol olaryň hem milli şahyry. 2024-nji ýylda akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygy dabaraly bellenilip geçildi.

Magtymguly Pyragynyň döredijiligini öwrenmekde türkmen alymlaryndan akademik B.A.Garryýewiň we professor M.Kösäýewiň hyzmatlary aýratyn bellenilmäge mynasypdyr. Şahyryň döredijiligi köpugurlydyr. Ol söýgi, ýaşan döwri, il-gün, gahrymançylyk, tebigat, gylyk-häsiýet, ahlak, dünýä hakynda eserlerinde hem-de dürli rowaýatlarynda garaýyşlaryny beýan edipdir.

Magtymguly Pyragynyň ýaman endikler barada ýazan "Çilimkeş", "Nas atan", "Halyň seniň", "Gybatkeş", "Çilim" goşgularyny mysal getirmek bolar.

Dostlarym, duşman biliň, her kimsede bardyr çilim

ýa-da

Kuwwatyň kemelder, güýjüň azdyrar,
Keýpi kellä gelse, aklyň azdyrar,
Süňňüňi syzdyrar, etiň gyzdyrar,
Bir nyşana budur sende çilimkeş

El götergil beýle nahak talaşdan
Puluň köýer, janyň ýanar bu başdan
Erte garnyň doldurarlar ataşdan
Zähmi çykmaz, galar tende çilimkeş.

Şahyr öz döredijiliginde durmuşdaky şular ýaly nogsanlyklaryň adam saglygyna ýaramaz täsir edýänlinligi barada belläp geçipdir. Magymguly Pyragynyň şu goşgularyndaky gymmatly pikirler häzirki döwürde hem öz ähmiýetini ýitirmeýär. Türkmeniň Milli lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň başlygy, Gahryman Arkadagymyzyň 1995-nji ýylda işläp taýýarlan "Saglyk" döwlet maksatnamasy muňa doly şaýatlyk edýär. Ol çäreleriň dowamy hökmünde 2025-nji ýyla çenli biziň ýurdumyzy temmäkisiz ýurda öwürmekdir.

Maksat Baymuradov
(Turkmenistan)

CRITICAL ATTITUDES ABOUT BAD HABITS IN MAGTYMGULY'S CREATIVE WORK

Information about the poet's life and work spread throughout Europe already in the middle of the 19th century. Among the Turkmen scientists who studied the work of the classic, Academician B. A. Garryyev and Professor M. Kosayev deserve

special mention. The poet's creativity is multifaceted. His works cover a variety of topics such as the period, country, love, heroism, moral standards, ethics, and etc. At the same time, works dedicated to the criticism of many bad habits characteristic of a certain part of people occupy a special place in his work.

Максат Баймурадов
(Туркменистан)

КРИТИЧЕСКОЕ ОТНОШЕНИЕ К ВРЕДНЫМ ПРИВЫЧКАМ ЧЕЛОВЕКА В ТВОРЧЕСТВЕ МАХТУМКУЛИ

Сведения о жизни и творчестве поэта распространились по странам Европы уже в середине XIX века. Среди туркменских ученых, занимавшихся изучением творчества классика особого упоминания заслуживают академик Б. А. Каррыев и профессор М. Косаев. Творчество поэта многогранно. Его произведения посвящены самым различным проблемам – эпохе, стране, любви, героизму, морали и нравственности и др. Вместе с тем в его творчестве особое место занимают произведения, посвященные критике многих вредных привычек, свойственных определенной части людей.

Baýramguly Baýramow
(Türkmenistan)

MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ ŞYGYRLARYNDA ORUN-GIŇIŞLIGIŇ SÖZSOŇY KÖMEKÇILER ARKALY AŇLADYLYŞY

Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň durmuşyň dürli ugurlaryndan söhbet açýan şygyrlarynda ene dilimiziň serişdeleri ussatlyk bilen ulanylypdyr. Aragatnaşyk serişdesi hasaplanýan, dil birligi hökmünde iki sany häsiýete eýe bolan, ýagny leksik we grammatik manysy bolan sözler Magtymguly Pyragynyň şygyrlarynda aýratyn öwüşgine eýe bolýar.

Ylmy maglumatlara görä, aýratyn söz topary bolan, sözlemdäki grammatik baglanyşygy üpjün edýän kömekçi sözler (sözsoňy kömekçiler we kömekçi atlar) öz öňündäki sözden aňlanylýan dürli düşünjeleri: wagty, sebäbini, maksadyny, hal-ýagdaýyny, meňzetme-deňeşdirmäni, orun-giňişligi, ugur-tarapy anyklamaga hyzmat edýärler. Diýmek, dilde orun-giňişligi, ugur-tarapy aňlatmakda leksik

manyly sözler bilen birlikde kömekçi sözleriň ulanylyşy-da bar. Şeýle hili sözler, ýagny orun-giňişligiň, ugur-tarapyň kömekçi sözler arkaly aňladylyşy Magtymguly Pyragynyň şygyrlarynda köp duş gelýär.

Akyldar şahyryň goşgularyna salgylanylan, kömekçi sözler arkaly, has takygy, sözsoňy kömekçiler arkaly orun-giňişligiň aňladylyşyna degişli setirler köp duşýar.

Türkmen dilinde orun-giňişligi aňlatmak üçin ulanylýan sözsoňy kömekçiler dürli lokal düşümlerde gelýän kömekçi atlara garanda az sanlydyr. Orun-giňişligini aňlatmakda "*bilen*, *sary*, *tarap*, *garşy*, *aňry*" ýaly sözsoňy kömekçiler ulanylýar.

Baş düşümdäki sözler we eýelik düşümdäki çalyşmalar bilen ulanylýan "bilen" sözsoňusy öz öňündäki söz ýa-da söz düzümi bilen birlikde, hereketiň amala aşyrylýan ornuny bildirýär: *Zemin bilen* süýrenipdir deňzi Hazar ýellerim. Ol gitdi çöl bilen, gözleri girýan ... (Magtymguly).

Baş düşümdäki sözler (Gulzumy gyr sanyp, kyrk ýol geçer men*,* Egerki meýl etse, ýar *bizim sary.* Gam hüjüm eýläp, gökden *zemin sary* inende, Pelek elimden tutup, howala berdi meni. Perwaz edip turdular, Uçdular *asman sary*) we eýelik düşümdäki çalyşmalar (Synamak üçin seni, Gelmişdik *siziň sary*!.. "Asy gulum!.." diýip geler owazy, Perze bile *biziň sary* dilberiň) bilen, şeýle-de ýöneliş düşümdäki sözler (Anda adam saýylar, *Hezarystana sary*. Pelek bakgal oturmyş, *Bazarystana sary*. Bardyk saýy Bakyrgan, Şol *Türküstana sary*) bilen ulanylýan "sary" sözsoňusy bilen gelen söz gymyldynyň, hereketiň, prosesiň gönükdirilen ugruny, tarapyny aňladýar.

"Tarap" sözsoňy kömekçisi ýöneliş düşümdäki sözler (Ýamandan saklagyl daýym diliňi, Ýagşa tarap uzadawer eliňi) bilen ulanylýar we öz öňündäki söz bilen birlikde hereketiň, gymyldynyň gönükdirilen ugruny aňladýar.

Ýöneliş düşümdäki sözler bilen ulanylýan "garşy" sözsoňusy orun-giňişlik gatnaşygyny bildirip, öz öňündäki söz bilen bilelikde hereketiň gönükdirilen tarapyny, predmetini görkezýär we nirä? diýen soraga jogap bolýar. Şu hili ýagdaýda munuň ýerine ýetirýän hyzmaty "*tarap, baka(n), sary*" sözsoňulary bilen meňzeşdir: Gün hanjary gökden ýere inende, *Güne garşy* dogan Aýy gözel sen (Magtymguly).

Çykyş düşümdäki sözler bilen ulanylýan "aňry(k)" sözsoňusy, köplenç, orun-giňişlik gatnaşyklaryny görkezýär: Munça müň ýyl ganlar ýyglap geçensoň, *Syrat köprüsinden aňry* geçensoň (Magtymguly).

Diýmek, orun-giňişlik, ugur-tarap aňlatmakda sözsoňy kömekçileriň haýsy düşümdäki sözlerden soň gelşine görä, olary üç topara bölmek bolýar: a) baş düşümdäki sözler we eýelik düşümdäki çalyşmalar bilen ulanylýanlar; b) ýöneliş düşümdäki sözler bilen gelýänler; ç) çykyş düşümdäki sözler bilen ulanylýanlar.

Bayramguly Bayramov
(Turkmenistan)

THE EXPRESSION OF POSITION-SPACE THROUGH THE POSTPOSITIVE AUXILIARIES IN THE POEMS OF MAGTYMGULY PYRAGY

Auxiliary words that provide grammatical connection in a sentence serve to define different concepts understood by the word in front of them as: time, reason, purpose, situation, metaphor-comparison, position-space, direction-side. In the language, along with words that have lexical meaning, auxiliary words are also used to express position-space and direction-side. Similar words, that is, the expression of position-space and direction-side through auxiliary words, are often found in the poems of Magtymguly Pyragy. In the Turkmen language, postpositions used to indicate position-space and direction-side are fewer than auxiliary nouns declensible in various local cases. They can be divided into three groups depending on which word in the cases they follow: a) used with words in the nominative case and with pronouns in the genitive case (“with, to”); b) used with words in the Dative case (“to, toward, against”); c) used with words in the Prepositional case (“beyond”).

Байрамгулы Байрамов
(Туркменистан)

ВЫРАЖЕНИЕ ПРОСТРАНСТВЕННЫХ ОТНОШЕНИЙ ПОСЛЕЛОГАМИ В СТИХОТВОРЕНИЯХ МАХТУМКУЛИ ФРАГИ

Вспомогательные слова, обеспечивающие грамматическую связь в предложении, служат для определения различных понятий, исходящих от стоящих перед ними слов: время, причина, цель, состояние, метафору-сравнение, пространственное отношение, направление-сторону. Для выражения пространственных отношений и направления в языке наряду со словами, имеющими лексическое значение, используются также вспомогательные слова. Подобные слова, то есть выражение пространственных отношений и направления через вспомогательные слова, часто встречаются в стихотворениях Махтумкули Фраги. В туркменском языке послеслогов, используемых для выражения пространственных отношений и направления, меньше, чем вспомогательных существительных, встречающихся в

различных местных падежах. В зависимости от того, после слов в каких падежах следуют, их можно разделить на три группы: а) употребляемые со словами в именительном падеже и местоимениями в родительном падеже (“с, в сторону”); б) идущие со словами в дательном падеже (“в сторону, в направлении, против”); в) употребляемые со словами в предложном падеже (“за”).

Ogulmaral Berdiýewa, Bägül Annabaýewa
(Türkmenistan)

JEMGYÝETDE YNSANPERWERLIK HÄSIÝETLERINI ÖSDÜRMEGIŇ MILLI RUHY ESASLARY

Jemgyýetde iş-durmuş tutumynyň iň esasy we hökmany tarapy bolan emosional ýagdaýy – adamlara bolan duýgudaşlyk, rehimlilik, ynsanperwerlik ýaly häsiýetleri terbiýelemek Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň baş taglymatydyr. Adamlar töwerekdäki zatlara we öz-özüne bolan gatnaşygynda-hereketlerinde, pikirlerinde we duýgy-emosiýalarynda belli bir durnuklylygy ýüze çykarýarlar. Şeýle ýagdaýlarda – adamyň özüni alyp barşynda emosiýanyň ornuny, olary dolandyrmagyň, sazlamagyň ugurlaryny hem-de usullaryny açyp görkezmek, onuň oňyn we oňyn däl täsirlerini bilmek hem-de owrenmek, şahsyýetiň özüni alyp barşynda, onuň maksadaokgunlylyk häsiýetlerinde duýgy-emosional ýagdaýlary dolandyrmak başarnyklaryny terbiýelemek, häzirki zaman ylmynyň esasy meselelerinin biri bolup durýar. Emosional tolgunmalar bizi howply ýagdaýlara eltip bilýär. Meselem, tukatlyk, sussupeslik, gam-gussa adamy tutuşlugyna aljyradýar. Olar diňe psihiki taýdan ýaramaz täsir etmek bilen çäklenmän, eýsem soňra kesele öwrülip biljek organiki özgerişleri hem döredýärler.

Beýik türkmen danasy Magtymgulynyň we orta asyr türkmen akyldarlarynyň döredijiliginden eriş-argaç bolup geçýän pikirleriň biri-de ýaşaýyş-durmuş üçin ähmiýetliligi jähetden şahsyýetiň, şonuň esasynda hem jemgyýetiň sagdynlygyny, howpsuzlygyny goramagyň görnüşleriniň ýüze çykarylmagydyr. Şonuň üçin-de Magtymguly şahyrymyzyň: “Saglygyň gadryny bilgil, Hasta bolmasdan burun” diýen nesihatynyň özeninde çuň many bar. Weli şahyrymyz ynsanperwerligi ündäp:

“Gelene garşy çyk, bolsa mejalyň,
Ýagşy tutawergil niýetiň-päliň,
Dünýä döwranynda açyk tut eliň,
Döwür senden gider, döwran eglenmez” –

diýse, orta asyr türkmen akyldary Mahmyt Zamahşary:

Ömür – bahar, biz hem oňa seýilde,
Biz onda bolmaly ýagşy meýilde –

diýýär. Akyldarlar saglygyňy gorap saklamagyň ilkinji wezipesiniň ýagşy niýetlilikden, duýgudaşlykdan, rehimlilikden gözbaş alyp gaýdýandygyny tekrarlaýarlar. Magtymguly şahyr bu jähetden:

"Aklyň bolsa, abraýly kişiniň,
Ýamanyn örtüban, ýaýyň ýagşysyn"

diýse, Mahmyt Zamahşary: "Adamlaryň aýbyny gözleýän adamyň özi aýyplydyr" diýip, şeýle dowam edýär:

"Özüňdäki aýby görmän, gözleme aýyp,
Başgalara şyltak atma, halamaz Gaýyp".

Alym Mahmyt Zamahşarynyň işlerinde ýene şeýle setirler bar: "Ähli keselleriň gözbaşy beýnidedir. Beýnisi gowşak adam tiz kesellemäge ukyplydyr.", "Kimdir biri başga biriniň baýlygyna, mal-mülküne bahyllyk, içigaralyk etmeýän bolsa, onda ol adamyň bedeni sagatdyr."

Beýik akyldarlarymyzyň eserlerinden eriş-argaç bolup geçýän ynsanperwer pikirler ýaşaýyş-durmuş üçin ähmiýetliligi jähetden şahsyýetiň, şonuň esasynda hem jemgyýetiň sagdynlygyny, howpsuzlygyny goramagyň görnüşleriniň ýüze çykarylmagydyr.

Ogulmaral Berdiyeva, Bagul Annabayeva
(Turkmenistan)

MENTALITY AS A FACTOR OF PLANTING HUMANISM IN SOCIETY

Promoting the idea of compassion, mercy and humanism towards people is one of the main tasks of modern science that helps to develop the necessary emotional background. It is the most important and attributive side of working and everyday processes in society. The mental factors of health principles developed in our society permeate the works of the great Turkmen poet and thinker Magtymguly and other philosophers of the Middle Ages. The value of their works is expressed in the identification of models for ensuring social health and safety.

Огулмарал Бердыева, Бягуль Аннабаева
(Туркменистан)

МЕНТАЛИТЕТ КАК ФАКТОР ПОПУЛЯРИЗАЦИИ ГУМАНИЗМА В ОБЩЕСТВЕ

Одна из основных задач современной науки состоит в развитии идей сострадательности, милосердия и гуманизма по отношению к людям, то есть – в выработке нужного эмоционального фона, который является наиболее важной и атрибутивной стороной рабочих и бытовых процессов в обществе. Ментальные факторы принципов здоровья, которые выработаны в нашем обществе, пронизывают творчество великого туркменского поэта и мыслителя Махтумкули и других философов средневековья. Ценность их произведений выражается в выявлении моделей обеспечения социального здоровья и безопасности.

Kakajan Çaryýarow
(Türkmenistan)

HALK PÄHIMLERI – TÄSIRLI TERBIÝEÇILIK TÄRLERINIŇ GYMMATLY SERIŞDELERI

Okuw-terbiýeçilik işiniň maksadyna laýyklykda, pedagogika öz öňünde sazlaşykly ösen şahsyýeti, jebis we agzybir topary terbiýeläp ýetişdirmegiň amatly ýollaryny tapmagy, terbiýeçilere, mugallymlara, ata-enelere, terbiýeçilik işi bilen meşgul bolýan beýleki adamlara tejribe üsti bilen kömek bermegi öz öňünde esasy wezipeleriň biri edip goýýar. Şunuň bilen baglylykda, bu wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirmek üçin adamzat ahlagynyň iň ajaýyp nusgalaryny özünde jemleýän, tutuş halkyň psihologiýasyny, ahlak we ynsanperwer pikirlerini süňňüne siňdiren folkloryň nakyl žanryna degişli halk pähimlerini ulanmak ýerliklidir.

Meselem, “Bolsady ekseň, käşgädi gögerer”, “Az-azdan işleseň – ussa bolarsyň, işlemeseň – hassa”, “Başarana hyşa gulpagam saz”, “Akyl kellede bolmasa, jan azapda”, “Bilmeseň bir aýyp, bilip amal etmeseň, iki aýyp” ýaly nakyllary sapagyna gowşak ýetişýän ýa-da ýaltalyk edip, sapaklaryny okaman gelýän okuwçylar babatda ulanmak ýerlikli bolsa, “Agyz – bir, gulak – iki, bir sözläp, diňle iki”, “Akylla – yşarat, akmaga – kötek” ýaly pähimler okuwçylary sapagyň dowamynda tertibe çagyrmakda ýa-da zerurlyk derejesine görä, pedagogik işiň islendik döwründe peýdalanylyp bilner.

Nakyllaryň halkylyga, çuňňur filosofiýa ýugrulandygyny, diliň "gaýmagy" hasaplanýan sözler bilen timarlanandygyny göz öňünde tutsak, dogry we ýerlikli saýlanyp alnan pähimler gönükdirilýän maksadyna (terbiýe görnüşine) laýyklykda, terbiýelenýäniň şahsyýetine dil ýetirmezden ýa-da mertebesini kiçeltmezden, oňa netijeli täsir etmek üçin uly mümkinçilikleri açýar. Şu netijeden hem-de ýalňyşlyklary düzedenden onuň öňüni almagyň has ähmiýetlidigi baradaky pikirden ugur alyp, her bir mugallym halk pähimleriniň esasynda terbiýelemegiň şertli görnüşde "öňüni alyş" we "düzediş" tärlerini işläp taýýarlap biler.

"Öňüni alyş" formaly terbiýeçilik täri şahsyýetiň intellektual, ahlak, sosial hilleriniň emele gelýän senzitiw hem-de soňra bir psihiki ýagdaýdan başga bir ýagdaýa geçýän çökgünlik döwürlerinden ugur alyp, degişli ýaş kesimlerinde ýüze çykyp biläýjek oňlanylmaýan endikleriň we häsiýetleriň öňüni almagy göz öňünde tutýar. Mysal üçin, ýetginjeklik döwrüne özbaşdaklyga ymtylyş, özüňi ulular bilen deň görkezjek bolmak, "gahrymançylykly" hereketlere ýykgyn etmek ýaly psihiki aýratynlyklar mahsus bolup, mugallym ýetginjekler bilen "Kämil ynsan kemalyndan belli", "Uly dag oturyp, kiçi daga ygal düşmez", "Özüňden uly bilen oýnap sözleşme", "Ula – hormat, kiçä – hezzet", "Depe özün dag saýar, garamyk özün bag saýar", "Her kim öz garyşy bilen ölçär", "Ýagşy sakla adyňy, betnamçylyk il gezer", "Ýamanyň ýeňşi özünden özgäni guwandyrmaz" ýaly halk pähimleriniň mazmunyny durmuş bilen baglanyşyklylykda açyp görkezýän söhbetdeşlikler, terbiýeçilik agşamlaryny guralsa maksadalaýyk bolar.

"Düzediş" formaly terbiýeçilik täri sapakda ýa-da sapakdan daşarda dürli ýaşly mekdep okuwçylary bilen baglylykda, ýüze çykýan oňaýsyzlyklary aradan aýyrmagy, terbiýelenýäni dogry ugra gönükdirmegi maksat edinýär. Şunda mugallym ýüze çykýan pedagogik ýagdaýyň häsiýetinden, täsir gönükdirilýäniň psihiki we ýaş aýratynlyklaryndan ugur alýar. Mysal üçin, sapakda iki okuwçynyň arasynda ýüze çykan düşünişmezlik düwnüni çözmek, taraplaryň ylalaşygyny gazanmak üçin "Ak göwünliň aty armaz, dony tozmaz", "Akylly aýnamaz, altyn çüýremez", "Akyl – dost, gahar – duşman, soňy – puşman", "Akyl – sözde, mähir – gözde", "Akyl güýç berer, güýç hem ýürek", "Pähimsiz batyr gola düşer" ýaly halk pähimleriniň üsti bilen degişli terbiýeçilik çärelerini geçirmek ýerliklidir.

Her bir mugallym gündelik pedagogiki işinde ulanjak halk pähimleriniň, terbiýeçilik tärleriniň täsirli we janly, netijeli we ykballary oňyn ugra özgerdiji bolmagyny gazanmalydyr. Munuň üçin, elbetde, beýik akyldar Magtymguly Pyragynyň: "Owwal, Magtymguly, özüň düzetgil, // Özüňni sen özgelere göz etgil" diýen paýhasyndan ugur alyp, pedagog şol terbiýeçilik serişdeleriniň esasynda, ilkinji nobatda, özüniň wajyp hillerini, ruhy medeniýetini kemala getirmelidir hem-de yzygiderli ösdürmelidir.

Kakajan Charyyarov
(Turkmenistan)

PROVERBS – VALUABLE TOOLS OF EFFECTIVE PARENTING TECHNIQUES

In accordance with the purpose of educational work, pedagogy sets one of its main tasks to find suitable ways to educate a comprehensively developed individual, a harmonious and cohesive group. To help educators, teachers, parents and other people involved in educational activities with experience. In this regard, to successfully solve these problems, it is appropriate to use folk proverbs related to the narrative genre of folklore, containing the best examples of human morality.

Correctly and appropriately selected proverbs, in accordance with the intended purpose, open up great opportunities for effective influence on the subject without insulting his personality or belittling his dignity. Based on this result and the idea that prevention is more important than correction of mistakes, every teacher can develop “preventive” and “corrective” types of education based on public opinion.

The teacher must achieve an effective and lively, effective and positive transformation of the personality and teaching methods that he will use in his daily teaching activities. To do this, of course, based on the instructions of the thinker Magtymguly Fragi: “First, Magtymguly, find your own path” the teacher should, first of all, form his own important qualities and spiritual culture on the basis of such educational means.

Какаджан Чарыяров
(Туркменистан)

ПОСЛОВИЦЫ – ЦЕННЫЕ СРЕДСТВА ЭФФЕКТИВНЫХ ПРИЁМОВ ВОСПИТАНИЯ

В соответствии с целью воспитательной работы педагогика ставит одной из своих главных задач нахождение провильных путей воспитания всесторонне развитой личности, гармоничной и сплоченной группы, помощи воспитателям, учителям, родителям и другим людям, занимающимся воспитательной деятельностью. В связи с этим для успешного решения этих задач уместно использовать народные пословицы, относящиеся к повествовательному жанру фольклора, содержащие лучшие образцы человеческой морали.

Правильно и уместно подобранные пословицы, в соответствии с поставленной целью, открывают большие возможности для эффективного воздействия на субъект, не оскорбляя его личности и не умаляя его достоинства. Основываясь на этом результате и на идее о том, что профилактика важнее исправления ошибок, каждый педагог может разработать "профилактический" и "коррекционный" виды воспитания, основанные на общественном мнении.

Учитель должен добиться эффективного и живого, результативного и позитивного преобразования личности и методов обучения, которые он будет использовать в своей повседневной педагогической деятельности. Для этого, конечно, основываясь на наставлении мыслителя Махтумкули Фраги: "Сперва, Махтумкули, сам отыщи свой путь", педагогу следует, прежде всего, формировать свои важные качества и духовную культуру на основе таких воспитательных средств.

Gülşirin Çaryýewa
(Türkmenistan)

ÇARY NURYMOWYŇ MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ SÖZLERINE DÖREDEN WOKAL ESERLERINDE RITMIŇ ÄHMIÝETI

Akyldar Pyragynyň baý many-mazmunly şygyrlary diňe bir halkyň ýa-da bagşylaryň dilinde däl, eýsem türkmen kompozitorlarynyň, daşary ýurt kompozitorlarynyň döreden esrlerinde hem uly orun tutýar. Pyragynyň goşgularyna aýdym, romans, ýa-da beýleki wokal eserlerini döretmedik kompozitor ýokdur. Olaryň arasynda kompozitor Çary Nurymowyň Magtymgulynyň sözlerine döreden "Armanym galdy", "Ýüzüňden", "Bikararam dogrusy", "Oýanmaz", "Galaýam" ýaly aýdymdyr romanslarynda şahyryň beýik milletiň baky ýaşaýşynda gadymyýetiň ruhy gymmatlyklaryny, gözelliklerini özüniň çuňňur mazmunly sazy bilen şöhlelendirýär.

Türkmen sazynyň metroritm ulgamy iň bir çylşyrymly saz serişdeleriniň hataryna degişlidir. Ç. Nurymowyň aýratyn ýazuw usuly häzirki zaman dünýägaraýşy, türkmen saz folkloryny ýewropa sazynyň žanrlary bilen "sintezde" ulanmagy başarandygy bilen tapawutlanýar. W.Uspenskiý "Türkmen sazy" kitabynda şeýle belleýär: "...Olaryň saz eserleriniň ritmi bolsa sazyň öz içinde gizlenen ýaly onuň içki durmuşynyň gadam urşuny janlandyrýar, emma oňa baglanyşmaýar we ýörite kakylyp çalynýan saz gurallary talap etmeýär.

Şol sebäpli hem türkmen sazy ritm taýdan örän erkin we şol bir eseriň içinde dürli ritmleri bileleşdirip bilýär". Şonuň bilen birlikde Ç.Nurymowyň kamera-wokal sazynyň milli özboluşlylygy köp babatda saz materialynyň kompozisiýa gurluşynyň has ownuk böleginden başlap, ýokary derejeli saz serişdelerine çenli hut ritmi ulanyş düzgüni bilen kesgitlenilýär. Mysal üçin kompozitoryň "Armanym galdy" aýdymynyň saz dili, edil beýleki saz serişdeleri ýaly, milli halk aýdym-sazlarymyz bilen juda berk baglanyşyklydyr. M.Karpowanyň belleýşi ýaly: "Türkmen kamera lirikasynyň metroritmi milli goşgy bogunlarynyň aýratynlyklary bilen hem gönüden-göni baglanyşyklydyr". Ç.Nurymowyň "Ýüzüňden", "Galaýam" ýaly eserlerinde bolsa edil "Armanym galdy" aýdymyndaky ýaly ostinato ritm, dutar sazlarynyň janly, hereketli metroritm (mysal üçin 7/8 ölçeg üýtgeýän şekilde) şekilleri aýdyň yzarlanýar. Halk aýdymy bilen deňeşdirsek, "bagşylaryň aýdymynyň metroritmiki aýratynlyklarynyň biri-de 11/8 ölçeginiň ulanylmagydyr, ol bir ülüşli (3/8) we iki sany dört ülüşli (4/8) metrlerden emele gelýär. Olar taktyň içinde 3+4+4 shemasy boýunça toparlanýarlar. Ol barmak ulgamynda on bir bogunly goşga ýerine ýetirilýän aýdymlarda duş gelýär. Çary Nurymowyň ýokarda ady agzalan wokal eserlerinde XX asyryň ýewropa sazynyň ritm nusgalary hem-de milli folklor, türkmen halkynyň dutar sazlarynyň ritm nusgalary özara baglanyşyk emele getirýärler.

Gulshirin Charyyeva
(Turkmenistan)

THE MEANING OF RHYTHM IN THE VOCAL COMPOSITIONS OF CHARY NURYMOV ON THE WORDS OF MAGTYMGULY PYRAGY

The poems of the great thinker Pyragy, rich in meaning, occupy a large place not only in the language of the bagshi people, but also in works created by Turkmen composers and foreign composers. There is no composer who would not create songs, romances, or other vocal works based on Pyragy's poems. Among them are lyrical romances by composer Chary Nurymov, such as "Armanym galdy", "Yüzüňden", "Bikararam dogrusy", "Oýanmaz", "Galaýam", written in the words of Magtymguly, reflect the spiritual values and beauty of antiquity in the eternal life of the great people of the poet with deeply significant music by the composer. The national identity of chamber vocal music Ch.Nurymov is largely determined by the rule of using the rhythm itself, from the smallest parts of the compositional structure of musical material to high-level musical means. For example, the musical language of the composer's song "Armanym galdy" is closely related to our national folk music, as well as other musical means.

Гульширин Чарыева
(Туркменистан)

ЗНАЧЕНИЕ РИТМА В ВОКАЛЬНЫХ ПРОИЗВЕДЕНИЯХ ЧАРЫ НУРЫМОВА НА СЛОВА МАХТУМКУЛИ ФРАГИ

Богатые смыслом стихи великого мыслителя Фраги занимают большое место не только в исполнительском искусстве народных бахши, но и в произведениях, созданных туркменскими и зарубежными композиторами. Нет отечественного композитора, который не создавал бы на стихи Фраги вокальных произведений. Среди них лирические романсы композитора Чары Нурымова, такие как “Armanym galdy”, “Ýüzüňden”, “Oýanmaz”, “Galaýam”, написанные на слова поэта, отражают духовные ценности и красоты древности в вечной жизни великого народа Махтумкули глубоко значимой музыкой композитора. Национальное своеобразие камерно-вокальной музыки Ч.Нурымова во многом определяется правилом использования самого ритма, от мельчайших частей композиционного строя музыкального материала до музыкальных средств высокого уровня. Например, музыкальный язык песни композитора “Armanym galdy” тесно связан с нашей национальной народной музыкой, как и другие музыкальные средства.

Gunça Çaryýewa
(Türkmenistan)

MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ MERKEZI AZIÝA HALKLARYNYŇ EDEBIÝAT DÜNÝÄSINDE TUTÝAN ORNY

Türkmenistan geografik ýerleşişi boýunça örän amatly ýerde ýerleşip, taryhda ösen medeniýetleriň çatrygynda bolandygy bilen tanalýar. Şäherler Beýik Ýüpek ýolunyň ugrundaky esasy merkezleriň hatarynda bolupdyr we dürli milletleriň wekilleri ýurdumyza gelip söwda edipdirler, ylym-bilim bilen meşgullanypdyrlar. Türkmenistan Gündogar bilen Günbataryň aralygynda köpri bolandygy üçin bu sebitde medeniýetiň ösen derejesi kemala gelipdir.

Irki döwürlerden bäri halklaryň arasyndaky dostlukly gatnaşyklaryň ösmeginde söz ussatlarynyň – şahyrlaryň, ýazyjylaryň, alymlaryň aýratyn orny bardyr. Hut şolaryň döreden eserleri, ylmy-filosofiki işleri netijesinde edebi-medeni we beýleki hyzmatdaşlyklar giň gerime eýe bolup, dostlukly gatnaşyklaryň ösmegine itergi berýär.

Türkmen halkynynyň beýik şahyry Magtymgulynyň eserleri Merkezi Aziýa halklarynda we Gazagystanda, Russiýada, Ýewropa ýurtlarynda hem

uly meşhurlyga eýedir. Eýýäm XIX asyryň ortalarynda Magtymgulynyň eserleri dürli dillerde neşir edilip başlanýar. 1842-nji ýylda polýak alymy A.Hodzko-Boreýko Magtymgulynyň terjimehaly bilen birlikde onuň birnäçe goşgularyny Londonda çap etdirýär. 1879-njy ýylda wenger alymy Wamberiniň "Türkmen dili we Magtymgulynyň diwany" atly işi çap edilýär. Onda hem Magtymgulynyň ömri we birnäçe goşgulary berilýär. Gazak, özbek, gyrgyz, azerbaýjan we pars-täjik halklary hem türkmeniň beýik ogly bilen içgin gyzyklanýarlar. Görnükli gyrgyz ýazyjysy Çingiz Aýtmatow "Türküstanda XVIII asyr Magtymgulynyň şygryýetiniň asyrydyr. Magtymguly ähli dünýäniň şygryýetiniň genji-hazynasyna giren şahsyýetdir – şygyr bilen gürlän akyldardyr" diýip belleýär.

Türkmen nusgawy şahyrlarynyň goňşy halklar bilen bagly eserler döretmegine, olaryň şol halklaryň arasynda bolup, olaryň däp-dessurlaryny, medeni mirasyny, tebigatyny, şäherlerini, ýadygärliklerini görüp, öwrenmegi hem täsir edendir. Esasan hem, Hywa, Buhara medreselerinde okap, doganlyk özbek halkynyň arasynda bolmaklary giçki orta asyryň şahyrlaryna mahsusdyr. Hywa we Buhara medreselerinde bolsa dürli halklaryň wekilleri bilim alypdyrlar. Magtymguly Buharada okan wagtynda ýörite ders bermek üçin çagyrylan siriýaly alym Nury Kazym ibn Bahyr bilen tanyşýar. Soňra onuň bilen Merkezi Aziýanyň köp ýerlerine syýahat edýär. Belläp geçişimiz ýaly, Magtymguly Gazagystanda giňden tanalýar. Doganlyk halkyň türkmen şahyryna bolan hormaty örän uly bolup, ol ýerde şahyryň şygyrlaryna aýdymlar aýdylýar. Gazak ýazyjylary iki halkyň arasyndaky ozaldan dowam edip gelýän doganlyk duýgularyny nygtap, Magtymgulynyň döredijiliginiň gazaklaryň arasynda aýratyn oryn eýeleýändigini belleýärler. Şahyryň goşgulary dilden-dile geçip, Maňgyşlakda ýaşaýan türkmenleriň we garagalpaklaryň üsti bilen Gazagystana ýaýrapdyr.

Görnükli täjik ýazyjysy Sadriddin Aýni Pyragynyň adyny Gündogar şygryýetiniň parlak ýyldyzlarynyň hatarynda goýýar we ol "Akyldar şahyr Magtymguly Alyşir Nowaýy, Saady, Firdöwsi, Nyzamy ýaly şahsyýetler bilen bir hatarda Gündogaryň öçmez ýyldyzydyr" diýip belleýär. Magtymgulynyň goşgulary täjik dilinde kitap görnüşinde çap edilip, halka ýetirilýär. Bular türkmen-täjik dostlugynyň pugtalanýandygyna şaýatlyk edýän möhüm wakalaryň biridir.

Gahryman Arkadagymyz beýik akyldar şahyryň döredijiligi hakynda söz açyp: "Mähriban topragynyň hakyky watançysy we onuň joşgunly wapsçysy Magtymguly Pyragy ýüzlerçe ýyl mundan öň özüniň şygyrlarynda halkymyzyň agzybirligi we jebisligi, Watanymyzyň azatlygy we bagtyýarlygy barada arzuw edipdi" diýip belläp geçýär. Şahyryň paýhasly pikirleri adamzadyň gymmatly edebi hazynasyna öwrülmek bilen onuň watançylyk, gahrymançylyk, dostluk hakyndaky goşgulary edebi-çeperçilik taýdan kämillige eýe bolup, türkmen halkynyň kalbynda mydamalyk orun tutdy.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe şol gollanmalary özlerine ýankitap edinen, watançylyk duýgusyny ýüreginde beslän ýaş nesillerimiz ynamdar geljegimiz bolmak bilen, Magtymguly atamyzyň "Berkarar döwlet islärin" diýip arzuwlap, watançylyk duýgusyna ýugrulan setirlerini özlerine şygar edinýärler.

Guncha Charyyeva
(Turkmenistan)

THE ROLE OF MAGTYMGULY PYRAGY IN THE LITERARY WORLD OF THE PEOPLE OF CENTRAL ASIA

Master of word such as poets, writers, scientists have a special place in the development of friendly relations between the peoples. In the result their books and scientific and philosophical works created by them the literary and cultural and other cooperation was widely spreaded and provides a great impetus to the development of friendly relations. The great poet of the Turkmen people Magtymguly has a special place in the literary and cultural relations of the peoples of Central Asia. Pyragy created a poem, rich in meaning and love of the people. His poems have turned to the aspirations and expression of the soul and all aspects of life reflected in these poems. Also, creativity of the Magtymguly Pyragy took a special place in the promotion of Turkmen literature in the world.

Гунча Чарыева
(Туркменистан)

МАХТУМКУЛИ ФРАГИ – МЕСТО В ЛИТЕРАТУРНОМ МИРЕ НАРОДОВ ЦЕНТРАЛЬНОЙ АЗИИ

Особое место в развитии дружеских отношений между народами занимают поэты, писатели, ученые. В результате их деятельности созданных ими научно-философских произведений литературно-культурное и иное сотрудничество получило широкое распространение и дает большой импульс развитию дружеских отношений. Великий поэт туркменского народа Махтумкули занимает особое место в литературно-культурных связях народов Средней Азии. Фраги создал прекрасные прощведения, богатые смыслом и народной любовью. Его стихи обратились к стремлениям и выражению души всех аспектов жизни, отраженных в этих стихах.

Atamyrat Garaýew
(Türkmenistan)

MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ GNOSELOGIK GARAÝYŞLARY

"Gnoseologiýa" ýa-da "akyl ýetiriş nazaryýeti" bilimň hakykata bolan gatnaşygyny, ynsanyň dünýä, jemgyýete, öz-özüne akyl ýetiriş işiniň aýratynlyklaryny, onuň dürli taraplaryny, şonuň ýa-da ynamlylygyň çäklerini öwrenýän filosofiýanyň möhüm ugry hasaplanýar. Adamyň her bir pursady akyl ýetiriş işinden üzňe bolmaýandyr. Oňa "Zeminiň şasyna" öwrülmek üçin, bu ümmülmez barlyk bilen bitewi bir göwre bolmak, onuň syrlaryny açmak zerur bolup durýar.

Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň, "Diýmäň bize maglum däldir bu dünýä" diýip nygtaýşy ýaly, bu barlyga akyl ýetirmek baradaky garaýyşlar hemme döwürleriň hem filosoflarynyň, alymlarynyň esasy meselesi bolup gelipdir.

Aslynda, akyl ýetirmegiň – *duýgulaýyn* we *paýhaslaýyn* iki jäheti bolup, bu babatda paýhaslaýyn akyl ýetirmäge has uly ähmiýet beripdirler. Haçan-da dana şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň şygyrlarynyň many-mazmuny seljerilende, onuň hem paýhasly akyl ýetirişe aýratyn ähmiýet berendigini aňmak bolýar. Muňa akyldaryň döredijiligindäki köp duş gelýän "akyl kesmek" düşünjesiniň adamyň many goruny ölçeýän agramlyk daş hökmündäki hyzmaty hem şaýatlyk edýär.

Akyl bu gün keser boldy,
Ne söz gelse, bu dahana
Kesmez akyl, söz sözleşmez bu diller
Aklym kesmez, ne bela bar daşymda
Akyl keser, göwün galkar her bapda

"Türkmen diliniň düşündirişli sözlüginde" bu söz düzümininiň manysy aşakdaky ýaly görkezilýär: "Akylyň kesmek – paýhas etmek, akyl ýetirmek, mana düşünmek".

Magtymguly Pyragy hem "akyl kesmek" diýip paýhaslaýyn akyl ýetirişi göz öňünde tutupdyr. Akyldaryň bu pelsepewi pikiri ulanmagynda çuň ylmy mazmun bar, sebäbi adamyň bilim gory akyl ýetiriş arkaly, esasan hem, paýhaslaýyn akyl ýetiriş arkaly doldurylyp durulýar. Şeýle bolansoň, akyl ýetirilýän zadyň hakykat bolmagyny ýa-da hakykata has golaý bolmagyny gazanmak iň möhüm zerurlyk hasaplanýar. Eger-de alnan bilim gory hakykatdan daş bolsa ýa-da ýalňyş, ýalan maglumatlardan ybarat bolsa, aň kämilligine eýe bolup bolmaýar. Subutly, ylmy esasly bilim bolsa, gadymy grek akyldary Sokratyň nygtaýşy ýaly, päk ahlaklylygyny hasyl edýär.

Dana şahyrymyz hem şeýle pelsepewi garaýyşlardan ugur alyp, akyl ýetirişde ylma, alymlara, halypalara, ussatlara aýratyn ornuň degişlidigini ýazypdyr:

Adam bolsaň, gulak goýgul öwüde,
Alymlar ýanynda söhbet ýagşydyr.
Alymlaryň sözün diňle, nesihatyn al-göter.
Alymlaryň sözi – pendi-nesihat.

Umuman, Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry Magtymguly Pyragy ynsan ruhunyň kämilligini gazanmagyň, onuň durkuny hakyky bilim arkaly gurmagyň esasynda ussatlaryň, halypalaryň, alymlaryň, mugallymlaryň ukyp-başarnyklaryna, pendi-nesihatlaryna daýanýan paýhaslaýyn akyl ýetirişe uly ornuň degişlidigine, şeýle hem milletiň, jemgyýetiň ahlak taýdan nusgalyk derejelere ýetmegine hemaýat etjekdigine berk ynanypdyr.

Atamyrat Garayev
(Turkmenistan)

GNOSEOLOGICAL VIEWS OF MAGTYMGULY PYRAGY

The article analyzes the gnoseological views of Magtymguly Pyragi, in particular, the relationship between the subject and the object in the process of cognitive activity, the relationship of knowledge to reality, the possibility of human knowledge of the world, the criteria for the truth and reliability of knowledge.

The author, showing two sides of cognition – sensory and rational, especially emphasizes that Magtymguly Pyragi pays special attention to the rational in the process of cognition. The thinker believed that the rational knowledge is the most productive in the knowledge of truth.

According to the author, the basis of his teaching on the knowledge of the world, the great thinker and poet of the East Magtymguly Pyragi, is scientific and philosophical knowledge, the instructions of scientists, teachers, masters of their craft and scientific facts.

Атамурат Гараев
(Туркменистан)

ГНОСЕОЛОГИЧЕСКИЕ ВЗГЛЯДЫ МАХТУМКУЛИ ФРАГИ

В статье анализируются гносеологические взгляды Махтумкули Фраги, в частности, взаимоотношения субъекта и объекта в процессе познавательной деятельности, отношение знания к действительности, возможности познания мира человеком, критерии истинности и достоверности знания.

Автор, показывая две стороны познания – чувственную и рациональную, особо подчеркивает, что Махтумкули Фраги в процессе познания уделяет особое внимание на рациональную. Мыслитель считал, что именно рациональное познание является наиболее продуктивным в познании истины.

По мнению автора в основе своего учения о познании мира великий мыслитель и поэт Востока Махтумкули Фраги лежит научно – философское знание, наставления ученых, учителей, мастеров своего дела и научные факты.

Bahargözel Gaýypnazarowa
(Türkmenistan)

MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ DÖWLETLILIK ÝÖRELGESI

Döwürlere we eýýamlara ýaň salan beýik şahyr Magtymguly Pyragy dünýä edebiýatynyň, medeniýetiniň, filosofiýa ylmynyň parlak ýyldyzydyr. Ýiti şöhlesi bilen gözleri gamaşdyryp barýan ýyldyzyň islendik ýerden islendik wagtda görnüşi ýaly şahyryň gyzyldan gymmatly, almazdan ýiti döredijiliginiň ömrüni, at-owazasyny hiç bir zat çäklendirip bilmeýär. Oňa geografik giňişlik hem, wagt birlikleri hem kär edenok.

Gahryman Arkadagymyzyň ýiti zehininden, jöwher paýhasyndan dörän "Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy" goşgusyndan ugur alyp, şeýle hem ýurdumyzyň iri jemgyýetçilik birleşiklerinden we raýatlaryndan gelip gowşan teklipleriň esasynda Türkmenistanyň Prezidenti Arkadagly Gahryman Serdarymyz 2024-nji ýyly "Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy" diýip atlandyrdy.

Magtymguly Pyragynyň şygyrlaryny tematiki toparlara bölmek irki döwürlerden başlanypdyr. XIX asyrda Hodzko, Wamberi ýaly awtorlar onuň şygyrlarynyň aýry-aýry esasy temalary we bu temalaryň özge şahyrlaryňkydan tapawutlary barada pikir ýöredipdirler. XX asyrda bolsa şahyryň şygryýetindäki temalar baradaky gürrüň yzygider we üznüksiz dowam edipdir. 1926-njy ýyldaky göwrümli neşirde şygyrlary 46 sany tematiki topara bölünýär. A.Ahundow-Gürgenliniň 1939-njy ýylda ýazan "Türkmen klassyk şahyrlary" makalasynda eýýäm bary-ýogy ýedi sany tema tapawutlandyrylyp görkezilýär. Alym A.Bekmyradow şygyrlar žanrlar boýunça toparlandyryp, şol toparyň birini "türki" diýip atlandyrypdyr. Ol: "...türki dilli ýazuwly poeziýada öwüt-ündew, ylmy dil bilen aýtsaň, didaktiki häsiýetli şygyrlar... şeýle atlandyrylypdyr" diýip belläp geçýär.

R.Mustagow Magtymgulynyň şygyrlaryny alty sany tema bölüpdir. Biziň pikirimizçe, şahyryň nesihatlarynda hem berkarar döwlet taglymaty ulgamlaýyn beýan edilipdir. Munuň özi tebigy ýagdaýdyr, çünki nesihat halk köpçüligine gönükdirilýär, şahyryň maksady bolsa öz taglymatyny hut halkyň aňyna ornaşdyrmakdyr.

Berkarar döwletiň çeper teswirini berýän şygyrlar san taýdan beýleki temadaky şygyrlardan köp bolmasa az däldir. Olardan “Baş bolmaň!”, “Aty gerek”, “Ýykmaýan ärden”, “Gul bolgul”, “Nogsana gelgeý”, “Ýar gerekdir”, “At ýanynda bellidir”, “Ýat bolar”, “Kararsyz ärden”, “Baş üstüne”, “Köýmän ýigide”, “Ýat ýagşy”, “Näbilsin”, “Daşy syndyrar”, “Ata meňzär”, “Döwleti-maly bolmasa”, “Döke başlady”, “Sir gider”, “Don bolsa”, “Zor bolar”, “Gadryn näbilsin”, “Gymmat ýagşydyr”, “Söhbet ýagşydyr”, “Gidiji bolma” ýaly onlarça şygyrlarda şahyr “döwlet” taglymatynyň täze bir tarapyny açýar. Munuň özi bu düşünjäniň ruhy-ahlak jähetidir. Bu manyda döwlet islendik adam üçin abadançylygyň, rysgal-bereketiň, bagtyň, umuman, her bir adama zerur bolan gymmatlygyň özboluşly şerti we prinsipidir.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe şahyra goýulýan sarpa has-da belent derejelere göterilýär. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýurdumyzda amala aşyrýan döwlet syýasatynyň binýady hem Magtymguly Pyragynyň öňe süren pähim-paýhasyndan ybaratdyr. Muňa Milli Liderimiziň, hormatly Prezidentimiziň çykyşlary, durmuşa geçirilýän beýik işleriň mazmuny arkaly göz ýetirmek mümkindir. Şahyryň 2024-nji ýylda uly dabaralara beslenip belleniljek 300 ýyllyk toýunyň dünýä derejesinde ýaýbaňlanmagy, bu şanly toýa dünýä halklarynyň ykjam taýýarlyk görmegi Magtymguly Pyragynyň älem içre mertebesinden habar berýär.

Türkmeniň buýsanjy, guwanjy bolan akyldar şahyrymyzyň at-owazasynyň jahana ýaň salmagy, milli, maddy we ruhy baýlyklarymyzyň gymmatynyň artdyrylmagy ugrunda taýsyz tagallalary edýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyşlarymyz çäksizdir.

Bahargozel Gayypnazarova
(Turkmenistan)

CONCEPTION OF PROSPERITY OF MAGTYMGULY PYRAGY

The great poet Magtymguly Pyragy who is known for centuries, is a shining star of world literature, culture and the science of philosophy. The star that dazzles the eyes with his bright light can be seen from anywhere at any times as poet’s life, creative works and popularity which is more precious than gold, which shines like diamond cannot be limited. It has no geographical latitude or time units.

The President of Turkmenistan, our Hero Arkadag Serdar named the year 2024 “The fount of wisdom of Magtymguly Pyragy” based on the poem “The fount of wisdom Magtymguly Pyragy” which is created from the brilliant talent and wisdom of Hero Arkadag as well as on the basis of proposals received from major public associations and citizens of our country.

Бахаргозель Гайипназарова
(Туркменистан)

ПРИНЦИП ГОСУДАРСТВЕННОСТИ МАХТУМКУЛИ ФРАГИ

Махтумкули Фраги, прикоснувшийся к временам и эпохам, является яркой звездой мировой литературы, культуры и философии. Ничто не может ограничить жизнь и славу произведения поэта, драгоценного золота и острого, как алмаз, как звезда, ослепляющий взоры своим острым светом. У его произведения нет географического региона или единиц времени.

Великие творения, рожденной острым талантом и мудростью нашего Героя – Аркадага, а также на основании предложений крупных общественных объединений и граждан нашей страны, Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов назвал 2024 год “Кладезь разума Махтумкули Фраги”.

Hydyr Geldiýew, Mähri Ýapunowa
(Türkmenistan)

MAGTYMGULY PYRAGY WE BAHAWEDDIN NAGYŞBENDI

Tanymal edebiýatçy alymlaryň köpüsiniň ylmy işlerinde Magtymguly Pyragy dini-sopuçylyk akymy bolan sopuçylygyň “nagyşbendiýe” tarykatyny ýöredendigi we meşhur sopynyň özüniň ruhy halypasy hasaplanmagy baradaky garaýyşlary öňe sürendikleri aýdylýar. Bu pikirler bilen razylaşmak ýa-da inkär etmek üçin nagyşbendiýe tarykatynyň beýleki tarykatlardan aratawudyny aýdyňlaşdyrmak, beýik Pyragynyň ömür ýoluna degişli bar bolan ygtybarly maglumatlary degşirmek we onuň edebi mirasynda Bahaweddin Nagyşbendiniň tutýan ornuny kesgitlemek zerurdyr.

Turuwbaşdan Bahaweddin Nagyşbendiniň sopuçylyk taglymlarynda diňe bir meşhur sopy-akyldaryň şahsy garaýyşlary däl-de, onuň halypasy Mir Kulal, Abdyhalyk Gijdiwany we başga-da dini-mistiki akymda uly yz galdyran söz ussatlaryň garaýyşlarynyň ýatandygyny bellemelidir. “Nagyşbendiýe” akymynyň “ýasawyýe”, “kubrawiýe” tarykatlaryndan tapawutlylykda sopy jemgyýetden gaça durman, onda öz ornuny tapyp, “eliň zähmetde, kalbyň – Taňryda” bolmaly diýen garaýşy ileri tutmagyndadyr. Bu taglymat ýörelge berjaý edilmek jähetden ýeňil-ýelpaý däldir, juda töwekgelli işdir. Mahlasy, jemgyýetçilik gatnaşyklarynda sopyny saýlap alan ýol-ýörelgesinden sowup bilýän, her tüýsli durmuşy päsgelçilikler, onuň ahlak-etiki düşünjesine oňaýsyz täsir edip biljek dürli muşakgatlyklar garaşýar.

Şeýle böwetlerden sowa geçmek, öz ýoluňy gyşarnyksyz dowam etdirip bilmek, ruhy tämizligiňi saklamak ýaly başarnyk esasy şertleriň biridir.

Sopuçylygyň dürli akymlarynda her bir müridiň özüne halypa-pir tutunyp, köplenç halatda, halypanyň hanakasynda gazallar arkaly beýan eden öwüt-ündewleri ýat tutup, olary yzygiderli we tutanýerli ýerine ýetirmegi zerur bolupdyr. Beýleki dini-mistiki akymlardan tapawutlylykda nagyşbendiýe tarykaty mürit diňe piriň öňe süren garaýyşlaryny berjaý etmek bilen çäklenmän, onuň taglym-ýörelgesini düýpli öwrenmek hem ösdürmek arkaly kämilleşmeli diýen düşünjäni talap edipdir. Bu bolsa, öz gezeginde, müridiň sopuçylyk babatda bilim-düşünjesiniň giň bolmagyny, düýpli netije çykarmagyny we özbaşdak pikir öwrüp, şahsy garaýyşlaryny delillendirilen görnüşde ilerletmegi hem ýaýmagy başarmagyny şertlendiripdir. Başgaça aýdylanda, şägirt halypasyndan ozdurmaly bolupdyr. Onuň üstesine, tarykatyň çäginde müridiň kämillige ýetmegi üçin özbaşdak ýol-ýörelge döretmegi we ony şahsy görelde arkaly berk hem gyşarnyksyz berjaý etmegi möhüm bolupdyr. Müridiň sopy derejesine ýetmeginde bu ýol-ýörelgäni hem örän ähmiýetli hasaplandygyny bellemelidiris. Bu aýdalanlardan ötri, nagyşbendiýe akymyny beýleki sopuçylyk akymlaryndan tapawutlandyrýan ýene-de birnäçe aýrybaşgalyklaryň bardygyny aýtmalydyrys.

Akyldar Magtymgulynyň eserlerine göz aýlanymyzda, onuň Bahaweddin Nagyşbendi bilen ruhy ýakynlygynyň bolandygyny aýdyň duýup bolýar. Dana Pyragynyň döredijiliginde Hoja Ahmet Ýasawy, Nejmiddin Kubra ýaly tutuş Gündogar sopuçylygynda we sopyçylyk edebiýatynda öçmejek yz galdyran beýik akyldarlardan tapawutlylykda Bahaweddin Nagyşbendiniň keşbiniň has giň işlenilendigine göz ýetirip bolýar. Oňa mysal hökmünde Magtymguluda akyldar sopynyň adynyň ýörite ýatlanylyp, oňa ýüzlenme görnüşinde gelýän “Diwana geldi”, “Bir nan getirdi” ýaly goşgularyny görkezmek bolýar. Ondan daşary Pyragynyň birnäçe şahyrana setirlerinde Nagyşbendiniň ruhunyň duýulýandygyny aýtmagymyz gerek.

Hydyr Geldiyev, Mahri Yapunova
(Turkmenistan)

MAGTYMGULY PYRAG AND BAHAVEDDIN NAGYSHBENDI

According to experts, Magtymguly Pyragy was a follower of the Sufi sect “Nagyshbendiye”.

Initially, it should be noted that the Sufi ideas of Bahaveddin Nagyshbendi include not only the personal views of the famous Sufi thinker, but also the views of his teacher Mir Kulal, Abdykhalyk Gijduvani and other famous Sufis who left a big mark on the religious and mystical movement.

Analyzing the works of Magtymguly, his spiritual closeness with Bakhaveddin Nagyshbendi is clearly felt. It should be noted that the influence of Nagyshbendi's ideas is clearly felt in Pyragy's philosophical views, realized in the wonderful poetic works of the classic of Turkmen literature.

Хыдыр Гельдыев, Мяхри Япунова
(Туркменистан)

МАХТУМКУЛИ ФРАГИ И БАХАВЕДДИН НАКШБЕНДИ

По мнению специалистов, Махтумкули Фраги был последователем суфийской секты "Нагышбендие".

Изначально следует отметить, что суфийские идеи Бахаведдина Нагышбенди включают в себя не только личные взгляды известного суфийского мыслителя, но и взгляды его учителя Мир Кулала, Абдыхалыка Гиждувани и других известных суфиев, оставивших большой след в религиозно-мистическом течении.

Анализируя произведения Махтумкули, отчетливо ощущается его духовную близость с идеями Бахаведдина Накшбенди. Следует отметить, что влияние идей известного суфия явственно ощущается в философских воззрениях Фраги, реализованных в замечательных поэтических творениях классика туркменской литературы.

Ogulsona Geldiýewa
(Türkmenistan)

MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ DÖREDIJILIGINDE GELIN-GYZLARYŇ AHLAK SYPATLARY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen paýhasynyň belent nusgasy bolan Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygynyň halkara derejede bellenilmegi, Garaşsyz hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň we akyldar Magtymguly Pyragynyň älem içre at-abraýyny has-da belende göterýär. Ýurdumyzda onuň pähim-paýhasly şygyrlaryny düýpli öwrenmek we ýörelge edinmek şu günki kämil türkmen jemgyýetinde has-da rowaçlandyrmak, geljekki nesillere ýetirmek barada möhüm işler amala aşyrylýar.

Magtymguly Pyragynyň döredijiligi umman ýaly giňdir we köptaraplydyr. Şahyryň şygyrlary adamzat ýaşaýşyna degişli umumy we hemişelik meseleleri, türkmen durmuşynyň ululy-kiçili ýol-ýodalarynyň ählisini özünde jemleýär. Ol

ynsan ýaşaýşynyň şahyrana ensiklopediýasydyr. Magtymgulynyň edebi mirasy – onuň akyl-paýhasa ýugrulan eserleri ynsabyň mähek daşy bolup, türkmen halkynyň arasynda ýaşap gelýär. Şu jähetden ugur alyp, biz hem Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde maşgala durmuşyna, gelin-gyzlara degişli meseleleri gozgaýan goşgulara ünsi çekesimiz gelýär. Akyldaryň döredijiliginde zenan mertebesi, gylyk-häsiýeti, edep-ekramy we aýal maşgalalara mahsus süýjidilliligi wasp edýän şygyrlary goşgularynyň içinden hem eriş-argaç bolup geçýär.

Ynsan bagty diňe bir iýmek, içmek, geýmek ýaly maddy nygmatlardan hasyl bolman, eýsem ruhy baýlyklara-da mätäçdir. Ruhy baýlyklaryň emele gelýän we mukaddeslik hökmünde goralyp saklanmaly ýeri-de maşgala ojagydyr. Maşgalanyň maýasy bolan ýaş çatynjalar, olaryň häsiýet taýdan kybapdaş bolmaklary we zenan terbiýesi hakyndaky garaýyşlar şol eserleriň düýp mazmuny bolup durýar. Her bir adamda bolşy ýaly, Magtymgulynyň-da dünýägaraýşy öz gözbaşyny jemgyýet gurluşyndan, alan terbiýesinden, ylym-biliminden alýar. Şonuň üçin-de zenan gözelligi diýlende, Magtymguly, ilkinji nobatda, onuň edep-ekramyny, terbiýesini göz öňünde tutýar.

Hyrydar bolsaňyz gyza-geline,
Edebin-ekramyn, oturşyn görüň –

diýip, öwüt berýän şahyr ýigidiň bagtyny edep-ekramly, wepaly ýanýoldaşda görýär. Diňe şonuň ýaly taýy bolanda, ýigidiň bagtly boljakdygyny, maşgala aladasy bilen, gazanç, eklenç, ýurt goragy meselesi bilen doly we üstünlikli meşgullanyp biljekdigi hakyndaky pikiri öňe sürýär. Magtymguly bu setirler arkaly maşgala mäkämliginde, diýmek, jemgyýetiň berkliginde aýal maşgalanyň ornunyň uludygyny nygtaýar. Terbiýeli, edep-ekramly maşgala duşmadyk ýigitleriň ýagdaýyny bolsa aşakdaky setirler arkaly beýan edýär:

Ýaman hatyn ýagşy ýigide duş bolsa,
Başyny terk eder, daýa seretmez.

Şeýle ýigitler beýleki maddy hajatlar bilen näçe üpjün bolsalar-da, dünýäde iň bagtsyz adamlardyr:

Hak her kime bir ýagşy ýar bermändir,
Sözi “ah”-dyr, içi doly armandyr,
Ýüz ýaşasa, bäş gün ömür sürmändir,
Her kimiň mynasyp ýary bolmasa.

Magtymguly şu ahlaky ýagdaýlardan ugur almak bilen, ýigidiň bagtyny, ilkinji nobatda, oňa gowy aýalyň sataşmagy bilen kesgitleýär.

Özüne hormat getiren,
Äriniň hyzmatyn bitiren,
Gaşyny çytman oturan,
Gaşlary gülen islärin.

Şahyr “Islärin” atly bu şygrynda zenan maşgalanyň ýanýoldaşyna, onuň dogan-garyndaşlaryna edýän hyzmaty, aýal maşgala mahsus güler ýüzi, ajaýyp gylyk-häsiýeti bilen bir hatarda diliniň süýji bolmalydygyny-da belleýär. Bu häsiýetler, öz nobatynda, ýigit üçin tükenmez döwletdigini, bahasyna ýetip bolmajak bagtdygyny nygtaýar. Akyldar şahyr öz ölmez-ýitmez şygyrlarynda maşgala ojagynda zenanyň tutýan ornunyň uludygyny şeýle teswirläpdir.

Ogulsona Geldiyeva
(Turkmenistan)

THE MORAL CHARACTERISTICS OF WOMEN IN MAGTYMGULY PYRAGY’S CREATIVITY

Magtymguly Pyragy’s creativity is as wide and versatile as the ocean. The poet’s poems contain general and permanent issues related to human life, all major and minor aspects of Turkmen life. It is a poetic encyclopedia of human life. Magtymguly’s literary heritage – his intellectual works are the touchstone of genealogy and live among the Turkmen people. Based on this aspect, we would like to pay attention to the poems in Magtymguly Pyragy’s work, which touch on issues related to family life and women. In Sage’s work, the poems praising women’s dignity, behavior, decency and the sweet language characteristic of women’s families are also reflected in his poems that raise other issues.

Human happiness is not only derived from material blessings such as food, drink, and clothing, but also needs spiritual wealth. The family hearth is also the place where spiritual resources are generated and should be protected as sacred.

Огулсона Гельдыева
(Туркменистан)

МОРАЛЬНЫЕ КАЧЕСТВА ЖЕНЩИН В ТВОРЧЕСТВЕ МАХТУМКУЛИ ФРАГИ

Творчество Махтумкули Фраги широко и многогранно. В стихах поэта отражены общие и вечные вопросы, касающиеся жизни человека, всех главных и второстепенных сторон бытия туркменского народа. Это поэтическая энциклопедия человеческой бытия. Литературное наследие Махтумкули – его интеллектуальные произведения являются драгоценным камнями и живут среди туркменского народа. Исходя из этого, хотелось бы обратить внимание на стихи в творчестве Махтумкули Фраги, затрагивающие вопросы, связанные с

семейной жизнью и женщинами. В творчестве Мудреца стихи, восхваляющие женское достоинство, поведение, порядочность нашли свое отражение и в его стихах, поднимающих и другие проблемы.

Человеческое счастье зависит не только от материальных благ, но также требует духовной составтяющей богатства. Семейный очаг – это еще и место, откуда берут свои истоки духовные ресурсы, являющиеся священными узами, которые следует беречь.

Nurnabat Gurbangulyýewa, Gözel Allakowa
(Türkmenistan)

GARA SEÝITLIÝEWIŇ "ŞAHYRYM" ŞYGRYNDA MAGTYMGULYNYŇ ÇEPER KEŞBI

Türkmen nusgawy edebiýatynyň wekili beýik Magtymguly Pyragynyň döredijiligi özünden soňky edebiýatyň ösüşinde uly mekdep bolup hyzmat edýär. Halypanyň keşbi XX–XXI asyrlaryň şahyrlarynyň her biriniň edebi ylhamyna öwrüldi. Türkmenistanyň halk ýazyjysy, Magtymguly adyndaky Döwlet baýragynyň eýesi Gara Seýitliýewiň "Şahyrym" şygry halypasynyň ruhuna ýüzlenilip ýazylypdyr. Şahyryň şygrynda Magtymgulynyň daglara bolan garaýşynda we gatnaşygynda tebigatyň ynsana dost görnüşindäki keşbi öz-özlüginde peýda bolýar. Şahyr Gara Seýitliýewiň "Şahyrym" atly aýdyma öwrülen şygrynda (Halypa bagşy Sahy Jepbarow bu goşga saz ýazdy) Magtymgulynyň syrdaşy bolan daglar diňe ruhy tarapdan göze ilýär. Daglar maddy baýlyklary eçiliji şekilinde okyjynyň göz öňüne getirer derejede suratlandyrylmaýar. Şahyryň daglary janlandyryş usuly şygryň tebigaty bilen berk baglanyşyklydyr. Magtymguly hem tebigata ýüzlendi, daglardan ruhy delalat isledi. Daglar akyldar şahyryň syrdaşy, içini döküşýän, janlandyrýan tebigy zat keşbi. Magtymguly içki duýgusyny tebigat hadysalary arkaly ýüze çykaranda, olaryň daşky tebigy gözelligi dogrusynda içgin çemeleşmän, ynsanyň ruhy dünýäsi bilen ruhdaş görnüşde janlandyrýar.

Magtymguly tebigat hadysalaryndaky alamatlary ynsanyň ruhy dünýäsi, içki duýgusy bilen baglanyşykly beýan edipdi:

Daglar ýeriň myhydyr,
Depe özün dag saýar –

diýen setirlerde jemgyýetde şahsyýetiň tutýan ornuna dogruçyl baha bermek ýörelgesinden ugur alynýar. Pyragynyň şol setirlerinde öz derejäňden, başarnygyňdan artyk görünjek bolmagyň şahsyýetiň bikemal sypatyny aňladýandygynyň çeper beýanyny görýäris.

Magtymgulynyň eserlerinde daglar asyl (biologiki) manysyndan has giň görnüşde çeper keşbe getirilýär, metonomiki häsiýete eýe bolýar. Gara Seýitliýew halypasynyň bu edebi çemeleşmesini duýupdyr. G.Seýitliýewiň :"*Sen nala çekeňde daglara bakyp//Daglar paralandy seň peryýadyňdan"* diýen setirlerini ylmy nukdaýnazardan seljerenimizde, Magtymgulynyň döredijilikli pikirleriniň döwürdeşlerini jemgyýetiň ykdysady-syýasy taýdan täzelenişe galkyndyrmaga çagyryşdygynyň aňlatmasyny görýäris. Magtymgulynyň ruhy dünýäsini keremli, haýbatly, sarsman duran daglaryň deňinden has ýokaryk çykarýar Şeýle hem türkmen halkynyň agzybirligini gazanmagyň, bir döwlete gulluk etmegiň pikirlerini öňe süren akyldaryň taglymatlarynyň özünden soňky döwrüň edebiýat wekilleriniň hemmesiniň döredijilik wezipesine öwrülendigini göz öňünde tutupdyr. Köňül aýdar: halkdan galyp, Gezsem daglar-daşlar bile – [Magtymguly. Eserler ýygyndysy. I jilt. – Aşgabat: Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Milli golýazmalar instituty, 2013, 68 sah.] diýip, liriki gahryman jemgyýetden isleýän şertini, görmekçi bolýan durmuşyny tapman, sarsmaz daglardan pena gözleýär. Näme üçin?! Şahyryň kalbynda gozgalaň döreden dini we dünýewi düşünjeler özara çaknyşyp, liriki gahrymana otly köýnek geýdirýär. Iki duýgy, iki düşünje söz ussadynyň kalbynda täzeçe oýlanyş, gözleýiş, agtaryş ýollaryny salgy berýär. Şol ruhy özgerişler Magtymgulynyň jemgyýetçilik pikirlerini giňeldip, filosofiki garaýyşlaryny kämillige göteripdir.

Dag detaly, şeýlelikde, öz döwrüniň edebi durmuşyna laýyklykda, çeper mazmuny aýdyňlaşdyrmaga, pikiri çuň hem giň beýan etmäge hyzmat etdirilýär. Magtymgulynyň daglary şahyryň liriki gahrymanynyň ruhy hemaýatkärine öwrülen bolsa, G. Seýitliýewiň daglary Magtymgulynyň beýik filosofiýasynyň öňünde başyny egýär.

Nurnabat Gurbangulyyeva, Gozel Allakova
(Turkmenistan)

MAGTYMGULY'S ARTISTIC IMAGE IN THE POEM "MY POET" BY GARA SEYITLIYEV

The creative activity of great Magtymguly Pyragy, a representative of Turkmen classical literature, was a great school in the development of literature in the subsequent period. The image of the tutor became the literary inspiration for each of the poets of the 20th–21st centuries. The poem "My poet" by Gara Seyitliyev, the People's writer of Turkmenistan, winner of the State Prize named after Magtymguly, was written in dedication to the tutor's spirit. In this poem

Magtymguly's attitude towards the mountains appears as a friendly relationship between man and nature. In his poem "My poet" Gara Seyitliyev described mountains from a spiritual point as Tutor Magtymguly's secret keepers. The mountains come to reader's imagination as the providers of material wealth. The way in which the poet depicts mountains is closely related to the nature of the poem. Magtymguly also turned to nature and sought spiritual inspiration from the mountains, which were the poet-thinker's secret keepers, the natural landscape that enlivened him. When Magtymguly poured out his inner feelings through natural phenomena, he revived them in harmony with the spiritual world of a man. In Magtymguly's works, mountains are presented in a broader artistic form than their original (biological) meaning, and assume a metonymic character. G. Seyitliyev artistically developed this literary approach of the tutor and used it extensively in creating the image of a thinker.

Нурнабат Гурбангулыева, Гозель Аллакова
(Туркменистан)

ХУДОЖЕСТВЕННЫЙ ОБРАЗ МАХТУМКУЛИ В СТИХОТВОРЕНИИ ГАРА СЕЙИТЛИЕВА "ŞAHYRYM" ("МОЙ ПОЭТ")

Творчество яркого представителя классической литературы туркменского народа – великого Махтумкули Фраги – служит своего рода школой, где закладывался путь развития отечественной литературы. Личность поэта и мыслителя явилась для писателей XX–XXI столетия неиссякаемым источником вдохновения. Об этом, например, свидетельствует стихотворение "Şahyrym" ("Мой поэт") народного писателя, лауреата Государственной премии имени Махтумкули Гара Сейитлиева. В нём передаётся восприятие Махтумкули величественных горных кряжей, и перед взором непроизвольно вырисовывается образ человека, с блогоговением относящего к окружающей красоте и природе в целом. Он рассматривает горы как духовного соратника, которому можно вверить даже сокровенные тайны. Горы в стихотворении представлены не как кладезь несметных материальных богатств, а как живое существо, что передано посредством приёма олицетворения. Внутреннее состояние или чувства, что переживает душа, Махтумкули передаёт через явления или объекты природы, то есть последние олицетворяются как нечто, что проявляет не внешний вид, а эмоции. В данном контексте горы в произведениях Махтумкули подвержены метонимии, обретая гораздо

иное, художественное значение, выходящее за рамки формально научного определения гор. Развивая подобные приёмы и способы своего предтечи – Махтумкули, Г. Сейитлиев активно применил художественные достижения великого поэта для создания о поэтизированного образа природе.

Gülälek Hangeldiýewa
(Türkmenistan)

“MAGTYMGULY” ÇEPER FILMINDE MILLI KÜŞTDEPDI TANSYNYŇ BEÝANY

A.Garlyýew bilen H.Ýakubowyň ssenarisi esasynda surata düşürilen “Magtymguly” filminde küşt depilýän epizod bolup, ondan çen tutulsa, eýýäm 1760–1770-nji ýyllarda küştdepdi köpçülikleýin häsiýete eýe bolandyr diýen pikir ýüze çykýar, emma hakykatda küştdepdiniň häzirki görnüşinde köpçülikleýin häsiýete eýe bolup başlamagy ýokardaky seneden ýüz ýyl çemesi soňky döwre degişlidir. Filmiň edebi esasyny düzüjileriň küştdepdili epizody filme girizmekleriniň esasy sebäbini küştdepdiniň ýaýraýyş döwrüni görkezmekden ugur almaýandygy, eýsem filmiň köpçülik tarapyndan gyzykly garşylanmagynyň niýet edinilendigi bilen düşündirip bolar. Küştdepdili sahnanyň bu filmde ýaýbaňlandyrylmagynyň filmdäki wakalaryň küştdepdiniň dörän ýerlerinde – Hazar ýakalarynda bolup geçýändigi bilen baglanyşykly bolmagy bu filmiň häsiýetli taraplarynyň biridir. Eger küştdepdili wakalar ýurduň beýleki bir künjeginde bolup geçýän bolsady, elbetde, ol şeýle bir ynandyryjy bolmazdy. Bu bolsa küştdepdili filme tomaşa eden tomaşaçylarda “şol döwürde küştdepdi boldumyka” diýen sowal döretmeginden ünsi sowýar. Bu ýagdaý küştdepdili epizodyň filmiň oýlanyşykly saýlanyp alnan sahnasy hökmünde makullanylmagyna getirýär. Bu bolsa döwür babatdaky säwlikde onuň üstüni örtýär. Şular ýaly ýagdaý hakyky çeper eserlere mahsus häsiýetdir.

Film XX asyryň 60–70-nji ýyllarynyň önümi bolup, ol döwür küştdepdiniň ýaýrawynyň ýurdumyzyň dürli ýerlerine ýaňy ýetip ugran döwürleridi. Şonuň üçin küştdepdi hereketleriniň, ýagny küşt depijileriň aýaklaryny ýere urýan pursatlarynyň filmde onçakly bir sazlaşykly ýerine ýetirilmeýändigini kanunalaýyk ýagdaý hasaplamak mümkin. Bu ýagdaýy küştdepdiniň ince tilsimlerinden baş çykarmakdan daşdaky adam duýmasa-da duýýan däldir, ýöne welin küştdepdiniň dörän, kämilleşen sebitlerinde bu ýagdaý aýratyn göze ilerlikdir. Her näme-de bolsa, film küştdepdi diýen halk döredijilik görnüşine köpçüligiň ünsüni çekip

bilenligi bilen hem gymmatlydyr. Onda küştdepdiniň ýerine ýetirilýän pursadyna üns berilse, bu halk döredijiligi görnüşiniň adamlaryň şatlykly durmuşlary, olaryň ruhy dünýäsiniň joşa gelmegi bilen baglanyşygyny ýene-de bir gezek görmek bolýar. Bu hem küştdepdiniň adamlaryň ruhy gymmatlygy hökmündäki ýene bir häsiýetli aýratynlygydyr.

Küştdepdi aýdym we tans dessury diňe bir "Magtymguly" çeper filmini bezemän, eýsem Magtymguly Pyragynyň öz halkynyň şatlygyna şatlanyp, begenjine begenip, halkyny her bir babatda goldaýan beýik şahsdygyny ýene bir gezek aýdyň ýüze çykarýar.

Küştdepdili sahnalaryň kino sungatynda aýratyn orun almagyny küştdepdiniň, esasan herekete daýanýandygy, hereketiň hem, öz gezeginde, kino sungatyna "jan berýändigi" bilen häsiýetlendirmek bolar.

Gulyalek Hangeldiyeva
(Turkmenistan)

FIXATION OF THE NATIONAL DANCE "KUSHTDEPDI" IN THE FEATURE FILM "MAGTYMGULY"

In the film "Magtymguly", shot in the late 60s of the 20th century, there is an episode where the ancient dance "Kushtdepdi" is performed. It is obvious that if the film scriptwriters and director considered it necessary to include these shots in the story of the film, this dance was widespread among the local population already in the1760–1770 s.

Гулялек Хангельдыева
(Туркменистан)

НАЦИОНАЛЬНЫЙ ТАНЕЦ "КУШТДЕПДИ" В ХУДОЖЕСВЕННОМ ФИЛЬМЕ "МАХТУМКУЛИ"

В фильме "Махтумкули", снятом в конце 60-х годов XX века, есть эпизод, где исполняется древний танец "куштдепди". Очевидно, что если авторы сценария и режиссер фильма посчитали необходимым включение в канву фильма этих кадров, становится очевидным, что уже в 1760–1770-е годы этот танец имел широкое распространение в среде местного населения.

Şasenem Hekimowa
(Türkmenistan)

MAGTYMGULYNYŇ EDEBI KEŞBINIŇ ROMAN ŽANRYNDA DÖREDILIŞINIŇ AÝRATYNLYGY

Magtymguly Pyragynyň çeper keşbini döretmek çeper edebiýatda iň kyn, iň jogapkärli wezipeleriň biri hasaplanylýar. Ýazyjy-şahyrlarymyzyň, dramaturglarymyzyň öňünde bu keşp heniz hem şol agramyny saklap gelýär. Dogrudan hem, her bir gününi Magtymgulynyň setirleri bilen ýaşaýan halkyň gönünden turmak üçin onuň gönündäki Magtymgulyny "janlandyrmaly". Diýmek, şahyryň çeper keşbini döretmek üçin hem Magtymgula hem-de halkyň şahyra goýýan sarpasyna düşünmeli. Bu wezipäniň agyrlygy hem edil şu ýerden başlanýar. Muňa garamazdan, ýazyjylarymyz bu jogapkärçilikden çekinmediler, ýaýdanmadylar. Olar şahyryň çeper keşbini döretmeklige, onuň ruhy dünýäsini açmaga, onuň syrly sözleriniň manysyna düşünmäge gaty köp synanyşyk etdiler. Muny ýazyjylarymyzyň romanlaryna, powestlerine, hekaýalaryna ýüzlenenimizde hem subut edip bolar.

Magtymgulynyň edebi-çeper keşbine türkmen edebiýatynda N. Saryhanow, B. Kerbabaýew, B. Seýtäkow, N. Baýramow, S. Annasähedow, G. Gurbansähedow, O. Ýagmyrow, G. Kulyýew, T. Taganow ýaly zehinler ýüzlendiler.

Magtymguly barada ilkinji romany Türkmenistanyň halk ýazyjysy G. Kulyýew döredýär. Ol eser "Ýowuz günler" ady bilen 1964-nji ýylda okyjylara gowuşýar. Bu romanyň döremegine ýazyjynyň şahyryň ýaşan, döreden, aradan çykan ýerlerini gözi bilen görmek bagty nesip edenligi sebäp bolýar.

"Ýowuz günler" romany Magtymguly barada ýazylan ilkinji kyssa eseridir. Romanda Magtymguly we onuň döwri barada gürrüň berilýär. Eserde beýik akyldaryň ömrüniň soňky ýyllaryndan söhbet açylyp, şahyryň diňe öz durmuşy däl-de, türkmen taýpalarynyň şol mahalky başdan geçirenleri, gören azaplary, olaryň daşary ýurt basybalyjylaryna garşy mertlerçe göreşişi beýan edilýär. Romanda beýan edilýän wakalar Döwletmämmet Azady, Magtymguly, Begenç, Juma, Tarhan, Meňli, Sadap, Leýla, Adna serdar, Perman, Serdar, Faruk, Şally ahun, Abdylmejit han, Şatyr beg, Annatuwak serdar ýaly gahrymanlaryň gatnaşmagynda bolup geçýär.

Segseninji ýyllarda Türkmenistanyň halk ýazyjysy, Magtymguly adyndaky Döwlet baýragynyň eýesi Gylyç Kulyýew ýene bir uly göwrümli eserini "Magtymguly" romanyny halka hödürleýär. Meşhur akyldar şahyr, çeper söz ussady Magtymguly Pyraga dikeldilen edebi-çeper ýadygärlikleriň biri bolan bu roman 1983-nji ýylda Magtymguly Pyragynyň ýubileýi bellenilýän günlerinde neşir edilýär.

Gylyç Kulyýewiň "Magtymguly" romany iki kitapdan ybarat bolup, eserde dünýä derejesinde ykrar edilen beýik şahyr Magtymguly Pyragynyň ömrüniň we durmuşynyň belli-belli döwürleri suratlandyrylýar.

Romanyň birinji kitabynda Magtymgulynyň Hajygowşanda, Gürgen derýasynyň boýlarynda geçiren ýigitlik ýyllary, Hywadaky "Şirgazy" medresesinde okan wagtlary, okuwyny tamamlap gelip, obasynda halk bilen jebisleşip, olaryň ýaşaýyş-durmuşy bilen gyzyklanýan, şahyr hökmünde özüni tanadyp ugran döwürleri beýan edilýär.

Romanyň ikinji kitabynda Magtymguly 50–60 ýaş töweregi, gartaşan, salyhatly ýaşuly hökmünde görkezilýär. Obadaşlary ony sylaýarlar, bir işiň başyna barlanda, şahyrdan bimaslahat iş edilenok. Ulynyň-kiçiniň hormatlaýan, nesihatçy, öz goşgulary bilen iliň göwnüni göterýän, halkyň ýagdaýyna gowy düşünýän şahyr ikinji kitabyň başyndan tä ahyryna çenli hereket edýär.

Shasenem Hekimova
(Turkmenistan)

PECULIARITIES OF CREATING MAGTYMGULY'S LITERARY IMAGE IN THE NOVEL GENRE

The "Magtymguly" novel by the People's writer of Turkmenistan, winner of the Magtymguly State Prize Gylych Kuliyev was published in 1983 on the occasion of the 250th anniversary of Magtymguly Pyragy. The "Magtymguly" novel consists of two books, and the work describes certain periods of life and creativity of the world-renowned great poet Magtymguly Pyragy.

The first book of the novel describes Magtymguly's youth spent in Hajygovshan, on the banks of the Gurgen River, period when he studied at the "Shirgazy" madrasah in Khiva, when he completed his studies, and united with the people in his village, when he became interested in their life, and introduced himself as a poet.

In the second book of the novel, Magtymguly is presented as an aged, about 50–60 year-old dignified old man. The poet, who is respected by young and old villagers, who understands well the life of the people, acts from the beginning to the end of the second book.

Шасенем Хекимова
(Туркменистан)

ОСОБЕННОСТИ СОЗДАНИЯ ЛИТЕРАТУРНОГО ОБРАЗА МАХТУМКУЛИ В ЖАНРЕ РОМАНА

Роман народного писателя Туркменистана, лауреата Государственной премии имени Махтумкули Клыча Кулиева “Махтумкули” был опубликован в 1983 году, в дни, когда отмечалось 250-летие Махтумкули Фраги. Это произведение состоит из двух книг, в которых описаны отдельные периоды жизни всемирно известного поэта – великого Махтумкули Фраги.

Первая книга романа посвящена юношеским годам Махтумкули, прошедшим в Хаджи-Говшане, что на берегу реки Гурген, обучения в медресе Ширгази в Хиве, а также последующему возвращению в родное селение, где непосредственно участвовал в жизни социума, стал интересоваться её бытом и укладом и начал проявлять себя как поэт.

Во второй книге Махтумкули представлен в солидном возрасте – 50-60 лет. Образ поэта, который стихотворениями воодушевляет родной народ, понимает его всем сердцем и которого уважает и почитает и стар и млад, целиком пронизывает вторую книгу – от первой и последней страницы.

Kerim Hojagulyýew
(Türkmenistan)

TÜRKMEN ŞEKILLENDIRIŞ SUNGATYNDA MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ YKRAR EDILEN PORTRETI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen halkynyň asyrlaryň dowamynda döreden ylmy, maddy we ruhy gymmatlyklaryny, nusgasyna öwrülen taryhyny, medeniýetini, sungatyny ylmy esasda öwrenmek, gorap saklamak, wagyz etmek alymlaryň öňünde möhüm wezipeleriň biri bolup durýar.

Türkmen şekillendiriş sungatynda Magtymguly şahyryň keşbine aýratyn üns berlip, ol esasan-da portret žanrynda beýan edilýär. Çüňki diňe portretde adamyň gylyk-häsiýeti, hal-ýagdaýy, onuň ömrüniň zähmet ýoly, şatlygy we gaýgy-gussasy aýdyň şöhlelenýär. Şonuň üçin suratkeşler öz döredijiliginde portret žanryna ýygy-ýygydan ýüzlenýärler.

Suratkeş Aýhan Hajyýewiň çeken Magtymguly Pyragynyň kanonik portreti hemmä mälimdir. Russiýanyň Moskwa şäheriniň W.Surikow adyndaky çeperçilik institutynyň talybyka (23 ýaşly) A. Hajyýew beyik akyldaryň portretini döredipdir. Suratkeş portretde şahyryň içki dünýäsini we şahsyýetini nakgaşlygyň üsti bilen aýdyň beýan edýär. 1947-nji ýylda Magtymguly Pyraga bagyşlanyp yglan edilen bäsleşikde A. Hajyýewiň hut şu kanoniki portreti birinji orna mynasyp bolýar.

"Mesele diňe dir şahyryň oňat portretini çekmeklik däldi, eýsem-de Magtymgulynyň ýaşap geçen döwründe (XVIII asyr) ýerine ýetirilen ýekeje-de onuň suraty, eseri we miniatýurasy bolmandyr, şonuň üçin diňe onuň şahyrana mirasynyň esasyna daýanyp, kanonik keşbini döretmekden ybaratdy. 23 ýaşly türkmen suratkeşi A. Hajyýewiň çeken portreti, has şowlusy diýlip ykrar edildi" diýip sungaty öwreniji P. Popow belleýär.

"A.Hajyýewiň döreden bu suraty nusgawy şahyr Magtymguly Pyragynyň özüne meňzeşlik nukdaýnazaryndan iň tanymal we şu sebäpli hem meşhurlyga eýe bolan eserdir. Onuň şahyry gara öýüň içinde düşelen teke gölli halynyň üstünde oturan şekilde göz öňüne getirip surata çekmegi, taryhy bir şahs hökmünde Magtymgulyny adaty türkmen medeniýetine we gelip çykyşy boýunça türkmen döwletine baglanyşdyrýar. Ussadyň döreden bu işi örän çuň taryhy mana eýedir, çünki ol onda şol wagtky döwri görkezip bilipdir... Bu surat milli medeniýetiň mirasynyň bir parçasyna öwrüldi" diýip gündogarşynas M.Teýlor belleýär.

Magtymgulynyň portretiniň nakgaşlygy – hyjuwly, ýiti we doýgundyr. Portretiň reňkleri ýalpyldaýar we şöhle saçýar, keşbe belli bir derejede tolkun atýan durmuşy berýär. "Magtymgulyny men pähimli adam, filosof hökmünde göz öňüne getirýärin" diýip suratkeş A.Hajyýew aýdar eken.

Türkmen suratkeşleri Garaşsyzlyk ýyllarynda öz taryhymyzy öwrenmäge we halk gahrymanlarymyzy beýan etmäge okgunly başladylar. Gojaman taryhymyzda özleriniň goşandyny goşan aýratyn şahsyýetlerimiziň sungatdaky çeper keşpleriniň sany günsaýyn artýar. Şol sanda beýik şahyrymyz Magtymgulynyň çeper keşbine türkmen suratkeşleri dürli žanrlarda ýene-de kän ýüzlenerler. Çünki öz ýurduny we halkyny belende galdyran beýik akyldaryň bize miras goýan çuň manyly, filosofik, umman döredijiligi türkmen suratkeşlerini täze döredijilik gözleglerine iterýär. Magtymgulynyň türkmen halkynyň jebis bolmagy üçin ýüreginde beslän arzuwy indi hasyl boldy, bu bolsa tutuş ýurduň çäginde häzirki zamanda ykrar bolan täze milli gözelligini düzýär. Magtymguly Pyragynyň baý döredijiligi halkymyzyň aňyna, ruhy dünýäsine, durmuşyna we hakydasyna berk ornaşyp, Garaşsyz Türkmenistan döwletimiziň ruhy taglymlarynyň aýrylmaz bir bölegine öwrüldi.

Kerim Hojagulyyev
(Turkmenistan)

THE FIRST ARTISTIC PORTRAIT OF MAGTYMGULY PYRAGY IN TURKMEN FINE ARTS

The problem of artistic embodiment of the image of great Turkmen poet Magtymguly in the portrait genre occupies a significant place in Turkmen fine arts. The first professional artistic depiction of the poet was A. Hajyyev's painting "Magtymguly" (1947).

There are no lifetime images, be it painting, drawing or miniature. Therefore, when creating the image of the great thinker, the artist practically relied on the poet's rich poetic heritage and his own creative imagination.

Керим Ходжакулиев
(Туркменистан)

ПЕРВЫЙ ХУДОЖЕСТВЕННЫЙ ПОРТРЕТ МАХТУМКУЛИ ФРАГИ В ТУРКМЕНСКОМ ИЗОБРАЗИТЕЛЬНОМ ИСКУССТВЕ

В туркменском изобразительном искусстве значительное место занимает проблема художественного воплощения в портретном жанре образа великого туркменского поэта Махтумкули. Первым профессиональным художественным изображением поэта является живописное полотно А. Хаджиева "Махтумкули" (1947).

Прижизненных изображений, будь то картина, рисунок или миниатюра, нет. Поэтому при создании образа великого мыслителя художник опирался в сущности на его богатое поэтическое наследие и на собственную творческую фантазию.

Bahar Hojagulyýewa
(Türkmenistan)

MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ EDEBI MIRASYNYŇ RUSSIÝADA ÖWRENILIŞI

Türkmen halkynyň nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň edebi mirasy dünýä siwilizasiýasynyň hazynasynda mynasyp orna eýe bolup, uzak wagtyň

dowamynda dürli ýurtlarda ylmy nukdaýnazardan öwrenilýär, daşary ýurtly alymlaryň üns merkezinde bolýar. Bu babatda, beýik akyldar, pelsepeçi Pyragynyň döredijiliginiň Russiýada öwrenilişi uly gyzyklanma döredýär.

Russiýanyň Ylymlar akademiýasynyň Gündogar golýazmalary institutynda (Sankt-Peterburg ş.) Magtymgulynyň eserleri aýawly saklanylýar we alymlar tarapyndan öwrenilýär. Instiutyň baý gaznalarynda 100 müňden gowrak 65 gündogar dilindäki golýazma bar. Türki golýazmalaryň arasynda beýik türkmen şahyry Magtymgulynyň liriki häsiýete eýe bolan bäş sany eseri mynasyp orny tapýar. Şahyryň bu golýazmalary XVIII asyryň ahyrynda XIX asyryň başynda Hywada we günorta Wolga sebitinde gaýtadan ýazylypdyr. Agzalan eserleriň Gündogar golýazmalary institutyna gelip düşmeginde meşhur gündogarşynas, akademik A.N. Samoýlowiçiň hyzmatlary uludyr. Alymyň türkmen halkynyň edebiýatyna, taryhyna we etnografiýasyna degişli jemläp köpsanly gymmatly maglumatlary häzirki döwürde Russiýanyň Milli kitaphanasynda (ozalky Saltykow-Şedrin adyndaky döwlet kitaphanasy) mynasyp orny eýeleýär. Olaryň arasynda Molla Mürze beg atly adamyň göçüren Magtymguly Pyragynyň diwanynyň golýazmasy hem bar.

Beýik akyldaryň eserleri Sankt-Peterburg şäherindäki Gündogary öwreniş döwlet institutynyň arhiwinde hem saklanylýar. Bu ýerde şahyryň golýazmalarynyň sergileri yzygiderli guralýar. Russiýa Federasiýasynyň ençeme ylmy edaralarynda saklanylýan Magtymgulynyň golýazmalary häzirki wagtda hem rus alymlary tarapyndan öwrenilýär we ylmy barlaglaryň netijesinde ençeme işler çap edilýär.

Magtymgulynyň goşgularynyň terjimesi şahyryň döredijiligini öwrenmekde möhüm ähmiýete eýedir. XX asyrda Russiýada beýik akyldaryň eserleri G. Şengeli, A. Tarkowskiý, M. Tarlowskiý, Y. Grebnýew, Ý. Neýman, A. Rewiç, A. Starostin, Ý.Waliç ýaly şahyrlar tarapyndan terjime edilipdir. Şu nukdaýnazardan garanyňda, Arseniý Tarkowskiniň işleri üns berilmäge mynasypdyr. Onuň ilkinji terjimeleri 1946-njy ýyla degişlidir. A.Tarkowskiniň işlerinde Pyragynyň köpugurly döredijiligi ýokary şygryýet ussatlygy bilen beýan edilýär. Rus şahyry bu ugurda bitiren hyzmatlary üçin Magtymguly adyndaky Döwlet baýragyna mynasyp bolýar. Pyragynyň eserleri rus dilinden dünýäniň köp dillerine terjime edildi.

XVIII asyrda Merkezi Aziýa halklarynyň taryhy döwrüni öwrenmekde Magtymguly Pyragynyň ömri we döredijiligi Russiýa Federasiýasynyň ýokary okuw mekdeplerinde ylmy pikirlenmäniň çeşmesi bolup durýar. Dünýäniň baýry uniwersitetleriniň biri bolan Moskwanyň M. Lomonosow adyndaky döwlet uniwersitetinde beýik akyldaryň edebi mirasy düýpli öwrenilýär. Uniwersitetiň Aziýa we Afrika ýurtlarynyň institutynda okadylýan “Türkmenistanyň taryhy” dersiniň okuw

maksatnamasynyň çäklerinde şahyryň edebi mirasyny seljermek babatda ylmy-barlag işler alnyp barylýar. Institutyň professory Z. Lapina Magtymgulynyň we rus halkynyň beýik şahyry A.S. Puşkiniň döredijiligini ylmy deňeşdirme usulynda öwrenip, olaryň eserlerinde birnäçe meňzeşlikleri ýüze çykardy. MDU bilen bir hatarda Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň ýokary okuw mekdeplerinde "Aziýa we Afrika ýurtlarynyň täze taryhy" atly okuw dersiniň aýratyn bölümlerinde Türkmenistanyň taryhyna we medeniýetine, şol sanda Magtymguly Pyragynyň döredijiligine uly üns berilýär.

Mälim bolşy ýaly, Pyragy Astrahan topragynda ençeme gezek bolupdyr. 2009-njy ýyldan bäri Astrahanda meşhur şahyryň ýadygärligi dur. Şonda Pyragynyň Watanynda taýýarlanylan ýadygärlik Astrahanyň 450 ýyllygy mynasybetli şähere sowgat berildi we Astrahan döwlet uniwersitetiniň ajaýyp seýilgähinde oturdyldy. Russiýanyň Astrahan oblastynyň Priwolžsk raýonynyň Funtowo obasynda Magtymguly adyndaky türkmen mekdebiniň açylmagy şahyryň döredijiliginiň dünýä medeniýetinde möhüm orna eýe bolýandygy barada şaýatlyk edýär. Pyragynyň ýaşan döwri we döreden eserleri sapaklarda jikme-jik öwrenilýär we çagalarda uly gyzyklanma döredýär. Umuman, beýik akyldaryň şygryýetiniň Russiýada öwrenilişi türkmen-rus ynsanperwer hyzmatdaşlygynyň möhüm ugurlarynyň biri bolup, dostlukly halklaryň medeniýetleriniň ýakynlaşmagyna we baýlaşmagyna ýardam berýär.

Bahar Hojagulyyeva
(Turkmenistan)

STUDYING THE LITERARY HERITAGE OF MAGTYMGULY PYRAGY IN RUSSIA

The literary heritage of Magtymguly Pyragy has been the focus of attention of foreign scientists for many years. In this regard, the study of the work of the great philosopher in Russia is of great interest. Magtymguly's works are carefully stored and studied by scientists at the Institute of Oriental Manuscripts of the Russian Academy of Sciences (St. Petersburg). It contains more than 100 thousand manuscripts in 65 eastern languages. Among them there are five works by Magtymguly, containing works of a lyrical nature. These poet's manuscripts were copied at the end of the 18th – beginning of the 19th centuries in Hyva and the Lower Volga region. Much credit for their study belongs to the famous orientalist, academician A.N. Samoylovich. Magtymguly's works are also stored in the archives of the State Institute of Oriental Studies in St. Petersburg.

Translation of Magtymguly's poems is of great importance in the study of the poet's work. In the twentieth century, the works of the great thinker in Russia were translated by many poets, among whom the poems of Arseni Tarkovsky deserve special attention. Pyragy's life and work are a source of scientific thought in higher educational institutions of the Russian Federation. The literary heritage of the great thinker is being studied at Moscow State University named after M.V. Lomonosov, as well as in universities of the Republic of Tatarstan. In general, the study of Magtymguly's poetry in Russia is one of the important areas of Turkmen-Russian humanitarian cooperation and contributes to the rapprochement and enrichment of the cultures of friendly peoples.

Бахар Ходжакулиева
(Туркменистан)

ИЗУЧЕНИЕ ЛИТЕРАТУРНОГО НАСЛЕДИЯ МАХТУМКУЛИ ФРАГИ В РОССИИ

Литературное наследие Махтумкули Фраги на протяжении многих лет находится в центре внимания зарубежных ученых. В этом отношении большой интерес представляет изучение творчества великого мыслителя в России. Произведения Махтумкули бережно хранятся и изучаются учеными в Институте восточных рукописей РАН (Санкт-Петербург). Здесь содержится более 100 тысяч рукописей на 65 восточных языках. Среди них имеется пять произведений Махтумкули, содержащие сочинения лирического характера. Эти рукописи поэта были переписаны в конце XVIII – начале XIX веков в Хиве и Нижнем Поволжье. Большая заслуга в их изучении принадлежит известному востоковеду, академику А.Н.Самойловичу. Произведения Махтумкули хранятся также в архиве Государственного института востоковедения в Санкт-Петербурге.

Перевод стихов Махтумкули имеет большое значение в изучении творчества поэта. В XX веке произведения великого мыслителя в России переводили многие поэты, среди которых переводы Арсения Тарковского заслуживают особого внимания. Жизнь и творчество Фраги являются источником научной мысли в высших учебных заведениях Российской Федерации. Литературное наследие великого мыслителя изучается в МГУ имени М.В. Ломоносова, а также в вузах Республики Татарстан. В целом, изучение поэзии Махтумкули в России является одним из важных направлений туркмено-российского гуманитарного сотрудничества и способствует сближению и обогащению культур дружественных народов.

Maral Ilmyradowa
(Türkmenistan)

TÜRKMEN NUSGAWY EDEBIÝATYNDA ARAP SÖZLERINIŇ ULANYLYŞY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda ylma, bilime, ýaşlaryň kämilleşmegine uly üns berilýär, aýratyn bellemeli zatlaryň biri hem 2024-nji ýylda Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygynyň halkara derejesinde bellenilmegidir. Türkmenistanyň Prezidenti Arkadagly Gahryman Serdarymyz bu ýyly Gahryman Arkadagymyzyň ýiti zehininden, jöwher paýhasyndan dörän "Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy" goşgusyndan ugur alyp, şeýle hem ýurdumyzyň iri jemgyýetçilik birleşiklerinden we raýatlaryndan gelip gowşan teklipleriň esasynda "Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy" diýip atlandyrdy.

Magtymguly Pyragy özüniň dilewarlygy bilen arap, pars sözlerini ussatlyk bilen öz döredijiliginde ulanmagy başarypdyr. Şahyryň "Duman peýda" goşgusy museddes goşgy düzüliş formasynda ýazylan. Museddes sözi arap sözi bolup, türkmen diline terjime edilmän göni geçipdir. Bu sözüň manysy *altylama* diýen manyny aňladýar. Bu hili şygyr bendini türkmen poeziýasyna ilki girizen Magtymguly Pyragydyr.

Hak yşkynda zinde jan, biliň, baky-*haýatdyr,*
Her tende ki yşk olmaz, *ruzy-ezel mematdyr.*

Bu setirlerde getirilýän *haýat* sözi arap sözi bolup türkmen diline *ýaşaýyş, dirilik, howly* manylarynda geçipdir we sözüniň arap dilindäki *ýaşaýyş* manysyna gabat gelýär. *Ruzy-ezel* ýaly pars we arap sözlerinden düzülen izafet arkaly birigen söz düzümleri hem ulanylýar. Bu ýerde *ruzy* pars sözi bolup *gün, gündiz* diýen manylary aňladýar, *ezel* bolsa arap sözi bolup türkmen dilinde *iň gadymy döwür, dini düşünje boýunça adam döredilmezinden öňki döwür* manylarda ulanylýar, arap dilinde bolsa *bakylyk, başlangyçsyz* manylarynda ulanylýar. *Memat* hem arap sözi bolup türkmen diline *ölüm, öli, ölmeklik* manylarda geçipdir, bu söz arap dilinde hem *ölüm* manysyny berýär, *zyýat* sözi arap dilinde *ulaltma, goşma* manylaryny aňladyp, türkmen diline *köp, kän, artyk* manylarda geçipdir.

Arap, pars sözlerini öz döredijiliginde ussatlyk bilen ulanyp ajýyp eserleri döreden nusgawy şahyr Nurmuhammet Andalypdyr. Ol "Leýli – Mejnun" sýužetine esaslanyp, türkmen edebiýatynda göwrümli dessan döretdi. Bu meşhur sýužetiň döreýşiniň, ýaýraýşynyň hem öwrenilişiniň örän çylşyrymly, şol bir wagtyň

özünde-de diýseň gyzykly taryhy bar. Nurmuhammet Andalyp bu dessanynda arap sözleriniň aglabasyny olaryň asyl manysynda ulanýar. Bu sözleriň arasynda dini manyny şeýle hem umumy many aňladýan sözler bar, esasy tapawutlanýan ýeri bu sözleriň aýdylyşynyň fonetik tapawutlanmagydyr.

Eseriň başy dessanlara mahsus bolşy ýaly "Emma *rawylar* andag rowaýat kylar kim...." diýip başlanýar, şu ýerde *rawylar* sözi arap sözi bolup türkmen diline hem sözüň asyl manysynda ulanylyp *gürrüňçi*, rowaýat ediji diýen manysynda ulanylýar. Arap edebiýatynda yslamdan öňki döwürde rawylar meşhur bolupdyr olar meşhur şahyrlaryň eserlerini halka ýaýratmakda uly orny eýeläpdirler. Dessanda ynsan duýgulary we din bilen baglanyşykly ulanylan sözleri hem mysal getirmek bolar: "Emma bu *hasrat* birle umyt eýlär erdi kim, şaýet, desti-bagtym şahaýy-daragty-ömrümden miýesser kylarmykam diýip bu tama birle saýyl we derwişlere köp-köp haýyr we yhsan kylyp, zary we *tazarrug* birle dergähi Wajybyl-Wujut ýüz urup, yglar erdi" – diýen setirlerinde hasrat sözi arap sözi bolup, asyl manysynda geçipdir we arap dilindäki manysy bilen gabat gelýär, ýagny *gaýgy, gam-gussa, tukatlyk* diýen manylaryny aňladýar. Bu sözlemde getirilýän *tazarrug* sözi hem arap sözi bolup, arap dilinde *boýun egme, kaýyllyk,* ýalbarma manylaryny aňladýar, emma türkmen dilinde diňe ýalbarma manysy ulanylyp, ondan başga türkmen dilinde sözüň manysy giňäp *aglama, eňreme* manylarynda ulanylýar.

Andalybyň döredijiliginde, ylaýta-da liriki şygyrlarynda, Gündogar poeziýasynyň däpleri uly orun alypdyr we olar öz gezeginde türkmen edebiýatyny baýlaşdyrypdyr. Indi ençeme asyrlaryň dowamynda Gündogar edebiýatynda meşhur bolup gelýän Leýli we Mejnun baradaky hekaýat, sýužet ynsanperwer ideýalara ýugrulan ýüzlerçe eserleriň döremegine itergi berdi.

Maral Ilmyradova
(Turkmenistan)

USE OF ARABIC WORDS IN TURKMEN CLASSICAL LITERATURE

In the year of the 300th anniversary of the great poet Magtymguly Pyragy, events are held almost every day in Turkmenistan within the framework of the year 2024 declared under the motto "The Fount of Mind – Magtymguly Pyragy".

His poetic lines, the deep nature of his thoughts, the philosophical coverage of the events of his time had a magical force from the appearance of the poet's first work. Despite of the fact that his poems are written in Arabic, they impress readers with its lyricism and euphony.

Nurmuhammet Andalyp is the author of lyrical poems, which are very diverse in genres and themes, as well as numerous destans, including “Leyli and Mejnun”, based on well-known literary and folklore plots.

Марал Ильмурадова
(Туркменистан)

ИСПОЛЬЗОВАНИЕ АРАБСКИХ СЛОВ В ТУРКМЕНСКОЙ КЛАССИЧЕСКОЙ ЛИТЕРАТУРЕ

В год 300-летия великого поэта в Туркменистане практически ежедневно проводятся самые разнообразные мероприятия в рамках года (2024), проходящего под девизом “Кладезь разума Махтумкули Фраги”.

С момента появления на свет первых произведений поэта, его стихотворные строки, чистота, ясность и красота языка, неповторимая манера письма, глубинный характер мыслей, философский охват событий времени стали той самой магической силой, выведшей его творчество из национального поэтического пространства на широкую орбиту мировой поэзии. Несмотря на то, что в его стихотворениях имеется немалое количество арабских слов, они поражают своим лиризмом и благозвучностью.

Mähri Işangulyýewa, Akynýaz Sapargeldiýew
(Türkmenistan)

MAGTYMGULY PYRAGY WE HALK DÖREDIJILIGI

Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary bilen Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda türkmen halkynyň köp asyrlyk taryhy bilen bir hatarda beýik akyldar şahyrlarymyzyň döredijiligini düýpli öwrenmäge, olaryň parasatly setirlerini dünýä ýaýmaga giň mümkinçilikler döredildi.

Türkmen paýhasynyň belent nusgasy bolan Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllyk toý-dabarasynyň halkara derejesinde bellenilmegi, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň we akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň älem içre at-abraýyny has-da belende göterdi. Munuň özi Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly ýolbaşçylygynda halkymyzyň ruhy-medeni gymmatlyklarynyň hemmetaraplaýyn öwrenmek işinde täze belent sepgitlere ýetendiginiň kepilidir.

Beýik Pyragy irki döwürlerde dörän rowaýatlary, hekaýatlary, nakyllary öz şygyrlarynda beýan etmek bilen olary häzirki döwrüň nesillerine miras goýup, türkmen edebiýatynyň we halk döredijiliginiň baýlaşmagyna ägirt uly goşandyny goşupdyr. Şonuň üçin-de şahyr:

Magtymguly, sözle herne bileniň,
Özüňe kemlik bil aýtman öleniň,
Taraşlap, şaglatgyl köňle geleniň,
Senden soňkulara ýadygär bolar –

diýip belleýär.

Magtymguly Pyragy halk döredijiliginiň baýlyklaryndan giňden peýdalanmagyň ençeme nusgalaryny miras galdyrypdyr.

Gahryman Arkadagymyzyň: "Beýik akyldar Magtymguly özüniň ajaýyp eserleri bilen türkmen dilini we edebiýatyny täze belentliklere göterdi" diýip, belleýşi ýaly Magtymguly Pyragy ata-babalarymyzyň ençeme müňýyllaryň dowamynda türkmen halk döredijilik eserlerine siňdiren dana pähim-paýhaslaryny içgin öwrenip, olary öz eserlerine nepislik bilen çaýyp, täzeçe görnüşde ýene halka gaýtaryp beripdir.

Magtymguly halk döredijiliginiň dürli görnüşlerinden peýdalanypdyr. Ol nakyllardyr matallara-da, atalar sözlerine, şorta sözlerdir ýomaklara-da, ýüzlenip, olardan özüne geregini alypdyr. Beýik söz ussadynyň öz şygyrlarynda nakyllary bolşy ýaly ulanan halatlary-da, olary gysgalan görnüşde ýa-da manysyny alan ýerleri-de bar. Ol nakyla ýüzlenende: "Aýdarlar, diýipdirler, nakyl bardyr, bu nakyldyr" diýen ýaly sözleri getirýär: Gawunyň gowusyn şagal iýr diýrler, ýa-da "Aýdarlar: ýyrtyk don görse, it gapar, "Päli ýaman bende, Hudadan tapar", Nakyl bardyr: "Ten agyrsa, jan syzar", Kim görüpdir, uçan guşdan päl ozar? Şahyr "Aýdarlar, diýerler, nakyl bardyr" ýaly sözleri getirmezden hem halk döredijiliginiň bu nusgasy arkaly pikir ýöredipdir:

Serçeden gorkan ekmez dary,
Sünbüllerin böler peri,
Hüjüm eýlär barça ary,
Gabat gelse bal biläni.

Magtymguly Pyragy matalçylyk däpleriniň gowy nusgalaryna goldanyp, ençeme çeper eserleri döredipdir. Muňa onuň Durdy şahyr, Azady, Magrupy bilen aýdyşan aýdyşyklary, "Üçi öwlatdan", "Kaýdadygy bilinmez" ýaly goşgulary mysal bolup biler. Bulardan "Üçi öwlatdan" atly goşgy has-da sadadan çeper çykypdyr. Munda şahyryň durmuşa synçylygy, türkmen matallaryny gowy bilýändigi görünýär. Onda şeýle matallar berilýär:

Ne on bäş aýaldyr artmaz perzendi,
Ol on bäş aýalyň üçi öwlatdan

Üçi ekiz, on tört erer peýwendi,
Ol ne jymag eýler, ne çykar ýatdan.

Magtymguly türkmen ertekilerinden, rowaýatdyr şorta sözlerinden peýdalanmagyň oňat tärlerini tapypdyr. Şahyryň "Gelmezmi" atly goşgusyndaky "Geçi-gurt dostlugyna meňzär edişiň" diýen setiri bolsa "Geçi bilen möjek" atly ertekini ýatladýar. Magtymguly "Leýli–Mejnun", "Ýusup–Züleýha", "Şasenem–Garyp", "Görogly" ýaly epos-dessanlara ýüzlenende-de şu ýörelgeden ugur alypdyr. Beýik Pyragy taryhy şahsyýetler bilen bagly irki döwürlerde dörän rowaýatlary, hekaýatlary öz şygyrlarynda beýan etmek bilen olary häzirki döwrüň nesillerine miras goýupdyr.

Mahri Ishangulyyeva, Akynyaz Sapargeldiyev
(Turkmenistan)

MAGTYMGULY PYRAGY AND FOLKLORE

As our Heroic Arkadag said: "The great thinker Magtymguly raised the Turkmen language and literature to new heights with his wonderful works", Magtymguly Pyragy thoroughly studied the wisdom of our ancestors, which was absorbed into the Turkmen folklore over thousands of years, refined them into his works and returned to the people in a new form.

Magtymguly used various forms of folklore. He used proverbs, enigmas, wisdoms, jokes and fables in his works. There are cases in which the great wordsmith used the words in his poems as they were, and where he took them in an abbreviated form or took their meaning. When he refers to proverb, he quotes them using such wording as: "It is said, they say, there is a proverb, this is a wisdom."

Magtymguly Pyragy created many works of art, supporting the good examples the enigma tradition. Examples of this can be his dialogue poems with Durdy Shahyr, Azady, Magrupy, poems such as "Three from offspring", "Unknown place". Of these, the poem "Three from offspring" is simpler and more artistic. It reflects knowledge of the poet about the life of Turkmen people and their enigmas.

Мяхри Ишангулыева, Акыняз Сапаргельдыев
(Туркменистан)

МАХТУМКУЛИ ФРАГИ И НАРОДНОЕ ТВОРЧЕСТВО

Как отмечает наш Герой – Аркадаг: “Великий мыслитель Махтумкули своими прекрасными произведениями поднял туркменский язык и литературу на новую высоту”, Фраги глубоко изучил мудрость наших предков, которая на протяжении тысячелетий впитывалась в произведения туркменского народного творчества, изящно украшал ими свои произведения и вернул народу в новом виде.

Махтумкули использовал различные виды народного творчества. Он обращался к пословицам, загадкам, поговоркам, юмористическим рассказам и каламбурам, беря из них то, что ему было нужно. Великий мастер слова использовал пословицы в своих стихах иногда такими, какие они есть, иногда – в сокращенном виде или же передавал их смысл.

Махтумкули Фраги создал множество произведений используя образцы традиционных загадок. Примером тому могут быть его стихотвореные переклички с Дурды, Азади, Магрупи.

Bahar Jepbarowa
(Türkmenistan)

ADY DÜNÝÄ DOLAN DANA PYRAGY

Magtymguly halkyň arasynda gezip, onuň dilini, ýaşaýyş-durmuşyny, geçmiş taryhyny, halk döredijiligini, edebiýatyny, medeniýetini, däp-dessuryny öwrenýär. Ajaýyp döwrümizde hormatly alym Arkadagymyzyň: “Magtymguly Pyragy ylmyň, edebiýatyň, dünýä medeniýetiniň özünden öňki gazananlaryny akyl eleginden geçirip, dürdäne eserleri döretdi. Beýik şahyr türkmen şygryýetiniň we türkmen diliniň taryhynda uly özgerişlikleriň başyny başlady. Onuň umumadamzat medeni-ruhy hazynasyna giren şygyrlary bu gün dünýä dilleriniň köpüsinde ýaňlanýar. Magtymguly Pyragynyň danalyga püre-pür şahyrana eserleri türkmeni, türkmen poeziýasyny dünýä tanatdy” diýip aýdyşy ýaly, akyldar şahyryň şygyrlary özüne mahsus bolan aýratynlyklary bilen tapawutlanýar. Şahyryň şygyrlarynyň dil aýratynlygy özboluşlydyr.

Magtymguly atamyz jahankeşde adam bolansoň dünýäniň köp ýurtlarynda: Horasanda, Owganystanda, Hindistanda, Türküstanda, Yrakda ... bolup, ol ýerdäki halkyň arasynda gezip, olaryň ýaşaýyş-durmuş derejesi, medeniýeti bilen

ýakyndan tanyş bolup, çeperçilik ussatlygy bilen şygyr setirleriniň içine siňdiripdir. Magtymgulynyň syýahatlary onuň gözýetiminiň artmagyna, dünýägaraýşynyň giňelmegine, zehininiň güýçlenmegine oňaýly täsir edýär.

Magtymgulynyň goşgularynyň her setirini okanyňda şol döwürdäki halkyň ýaşaýyş-durmuş ýagdaýlaryny açyp görkezýän wakalar göz öňüňde ýekän-ýekän janlanyp geçýär. Türkmen halkynyň durmuşynda bolup geçen özgerişler onuň edebiýat taryhyna gös-göni öz täsirini ýetiripdir. Türkmen halkynyň taryhyndan mälim bolşy ýaly, onuň durmuşy we gün-güzerany geçmişde ýeňil bolmandyr. Muňa halkyň geçmiş durmuşyna degişli eserleri, maglumatlary şaýatlyk edýär.

Ol gündogaryň taryhyny, filosofiýasyny, edebiýatyny içgin öwrenýär. Faraby, Biruny, Ibn Sina, Muhammet Horezmi, Omar Haýýam ýaly alymlaryň, Firdöwsi, Nyzamy, Hysrow Dehlewi, Sagdy, Hafyz, Jamy, Nowaýy, Fizuly Bidil ýaly görnükli şahyrlaryň eserleri onuň ýankitabyna öwrülýär. Olardan köp zatlary öwrenýär. Magtymguly özüniň tebigy berlen zehinini görkezip, öz döwrüniň ýagdaýyny çeperçilik ussatlygy bilen wasp etmegi başarypdyr. Ol "Seýran içinde" atly goşgusynda Magtymguly, syrym çohdur, // Men neýläýin açan ýokdur... diýmek bilen, jemgyýetiň ähli ugurlaryna degişli filosofik garaýyşlaryny ussatlyk bilen beýan edýär.

Magtymguly barada birnäçe kitaplar çap edildi, ylmy maslahatlar, konferensiýalar geçirildi, her dana setirleri barada ylmy çaklamalar ýüze çykaryldy. Magtymguly Pyragynyň döredijiliginiň ylmyň ähli ugurlary boýunça doly we töwerekleýin owrenilendigine garamazdan, entek öwrenilmegini talap edýän täze ylmy gözlegleriň üstünden eltýän, gyzyklanmalar dünýäsine aparýan meselelere duş gelmek bolýar.

Agzybirçilik ilki bilen ojakdan, saçakdan başlanýar. Şonuň üçin Magtymguly atamyz öz halkyny agzybirlige çagyrýar. Muny şahyryň "Türkmeniň" atly goşgusyny okanymyzda göz ýetirmek bolýar.

Şahyr edebiýatyň mazmunyny watançylyk, erkinlik, azatlyk, özbaşdaklyk ýaly sagdyn pikirler bilen baýlaşdyrýar. Magtymguly çeper beýan etmegiň halky formalaryny, çeper eserleriň halka düşnükli dilde ýazylmagyny edebiýata düýpli ornaşdyrýar. Türkmen edebiýatynyň taryhynda täze hakyky ugry esaslandyrýar.

Görnükli rus alymy Ý. E. Bertelsiň aýtmagyna görä: "Magtymgulynyň poeziýasy Jemşidiň jamy" bolup, ol türkmen halkynyň geçmişi, geljegi barada pikir ýöredipdir, il-günüň erkin, parahat, bagtly durmuşda ýaşamagy ugrunda irmän-arman alada edipdir. Magtymguly parahat durmuşda erkin ýaşamak üçin ilkinji nobatda türkmen tire-taýpalarynyň birleşmegini, özbaşdak bir merkezleşen döwlet gurmagy zerur hasaplaýar. Bu tema bagyşlap, "Döker bolduk ýaşymyz", "Türkmeniň", "Türkmen binasy", "Öňi-ardy bilinmez" we başga-da birnäçe şygyrlary döredipdir.

Umuman, Kemine şahyryň: “Magtymguly şahyrçylyk meýdanynyň oragyny orup gitdi. Biz diňe onuň hoşasyny çöpleýäris” diýip, jaýdar belläp geçişi ýaly, beýik şahyr halkyň içinde aýdylmaly bir zat bar bolsa, şolaryň ählisini-de şygyr setirlerine siňdiripdir.

Bahar Jepbarova
(Turkmenistan)

WORLDWIDE KNOWN WISE PYRAGY

Magtymguly traveled among the people and studied their language, way of life, past history, folklore, literature, culture, and traditions. The language feature of the poet’s poems is unique. Our forefather Magtymguly, being a man of the world, visited many countries of the world: Horasan, Afghanistan, India, Turkestan, Iraq... and traveled among the people there, got to know their living conditions closely, and absorbed them into the lines of his poetry with his artistic skills.

The poet enriches the content of literature with healthy ideas such as patriotism, freedom, independence, and sovereignty. Magtymguly introduced into literature the folk forms of artistic expression and writing of works of art in a language understandable to the public. He thoroughly studied the history, philosophy, and literature of the East, and the works of famous poets such as M. Farabi, Biruni, Ibn Sina, Muhammed Horezmi, Omar Hayyam, Frdovsi, Nyzamy, Hysrow Dehlevi, Sagdy, Hafyz, Jamy, Novayy, Fizuly Bidil. They became guide books for him. With his artistic style Magtymguly managed to use his natural talent to describe the spirit of his time.

Бахар Джепбарова
(Туркменистан)

ВСЕМИРНО ИЗВЕСТНЫЙ МУДРЫЙ ФРАГИ

Магтумкули много путешествовал изучал языки, быт, историю, фольклор, литературу, культуру и традиции разных народов. Языковая особенность стихов поэта уникальна. Махтумкули, будучи человеком мира, побывал во многих странах мира: Афганистане, Индии, Туркестане, Ираке, близко знакомился с условиями их жизни.

Поэт обогатил содержание литературы такими идеями как патриотизм, свобода, независимость, суверенитет. Махтумкули ввёл в литературу народные формы художественного творчества и создал художественные произведения на доступном народу языке. Он тщательно изучал историю,

философию и литературу Востока, а также произведения таких известных поэтов как М. Фараби, Бируни, Ибн Сина, Мухаммад Хорезми, Омар Хайям, Фирдоуси, Низами, Хосров Дехлеви, Сагади, Хафиз, Джами, Навойи, Физули Бедиль. Их великие творения стали для него настольными книгами.

Maýagözel Jepbarowa
(Türkmenistan)

MAGTYMGULYNYŇ GOŞGY SETIRLERINDE SÖZSOŇULAR

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow türkmen ylmyny ösdürmäge aýratyn üns berýär. Ol "Dünýäniň ähli ösüşleri ylym hem-de tehnologiýalar esasynda amala aşyrylýar. Şoňa görä-de, ylmyň gazananlary innowasion tehnologiýalar, öňdebaryjy tejribeler esasynda döwletimizi ösdürmäge möhüm ugur hökmünde garaýarys" diýip belleýär. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe alymlar tarapyndan düýpli ylmy-barlag işleri alnyp barylýar. Bu işleriň çäginde dil bilimi ylmymyza mahsus wajyp meseleler hem ähtibarly derňewlere çekilýär. Şeýle meseleleriň biri hökmünde morfologiýa we söz toparlaryna degişli mesele-de ör boýuna galýar.

SÖZSOŇULAR lingwistikada özbaşdak many aňlatmaýan söz topary hasaplanylýar. Olar degişli sözlerine täze many berýän sözlerdir.

Magtymguly Pyragynyň dilinde sözlerden soň gelip, öňündäki sözleriň dürli manylarda gelmeginde ulanylýan sözsoňularyň birnäçe görnüşi bar.

Sebäp-maksat görkezýän sözsoňulary goşgy setirlerinde *sebäpli*, üçin (çin/çün), ötri, *ugrunda*, *zerarly* ýaly sözler aňladýar. Mysal üçin:

Bir şaýy çün ýüz köňüle deger sen.

Deňeşdirme bildirýän sözsoňular *garanda, seredende, görä, deňeşdirende, başga*, özge, *gaýry*, *misli*, *barabar* we ş.m. sözler bilen berlip, eserlerde olar baglanyşýan sözleriniň beýleki sözlerden çäkliligini (ýa-da çäklenmegini) görkezýär:

Güller içre bir güli bar, *gaýry* sowsan islemez.
Çüýrük saman etmiş mata bazaryn,
Göwhere *barabar* satyp durupdyr.

Meňzetmegi görkezýän sözsoňular *ýaly, kimin*, *kibi*, *dek, deý, deýin* sözlerde getirilýär. Mysal üçin:

Joşduryp dünýä ýüzün, umman *deýin* siller akar.
Ne sebäpdir, harlar sen meniň *kibi* zelili.

Şahyryň dilinde ýokardaky manyda ulanylýan ýaňlyg sözsoňusy-da gelýär:

Magtymguly, men mundan çykar ýaňlyg deştim ýok.

Ugur bildirýän sözsoňular şahyryň dilinde *tarap, garşy, baka* (*bakan*), *sary* sözler arkaly aňladylypdyr. Mysal üçin,

Pelek, hijran *sary* atyň çapar sen.

Degişlilik bildirýän sözsoňular *hakda, hakynda, barada, barasynda, dogruda, dogrusynda* sözler bilen berlip, gynansak-da, eserlerde olara duş gelinmedi.

Wagt-dowamlylyk görkezýän sözsoňular öň, soň, çenli, ozal, owal, deň, deňeç, bäri, *burun*, *sary* sözleri arkaly eserlerde ýerlikli ulanylypdyr. *Burun* sözsoňusy öň ýanyndaky sözüň çykyş düşümde gelmegini talap edýär, ony sözlemiň işlikden bolan bir agzasyna baglanyşdyrýar. Manylaryndan hereketiň ýüze çykan wagtyny görkezýär:

Saglygyň gadryny bilgil, hassa bolmasdan *burun*.

Bilelikdeligi bildirýän sözsoňular *bile*, *bilen*, *birge* sözlerde getirilýär. Goşgularda ulanylýan *bilen* sözsoňusy ýedi (*bilen*, *bile*, *ile*, *-le*, *biläni*, *birle*, *birlen*) görnüşde gelipdir. Bu hili ulanylyş Magtymguly atamyzyň döredijilik ussatlygyny ýene bir gezek tekrarlaýar:

Dostluk açsaň bir biwepa ýar *bilen*,
Gaýgy *birlen* dahanyňdan diş döker.
Göçi-gony *birle* göçdi Abdylla.
Weýran bolar beýik jaýlar Ýagmyr *ile*, ýel *biläni*.
Garga salsa, tugun *bile* depişer.
Her ne berseň, öz eliň-*le* berewer. ...

Umuman, Magtymgulynyň goşgy setirlerinde *sözsoňular* giň beýanyny tapýar. Olar häzirki zaman türkmen dilinde ulanylyşlary ýalydyr, olaryň arasynda uly bir tapawut ýok diýerliklidir. Eserlerdäki sözsoňulara degişli aýratynlyklar, esasan-da, olaryň şygyrlarda ussatlarça ulanylmagy we goşgynyň üsti bilen aýdyljak bolýan pikiri keşpli beýan etmäge işjeň gatnaşmagy bilen häsiýetlendirilýär.

Mayagozel Jepbarova
(Turkmenistan)

POSTPOSITIONS IN MAGTYMGULY'S POEMS

The postpositions are widely expressed in the poems of the great Turkmen classical poet Magtymguly Pyragy. They are the same as they are used in the modern Turkmen language, that is, there is no big difference between them. The main characteristic feature of postpositions of the poems is that they give new meanings and shades of meaning to the corresponding words. The peculiarities related to postpositions in poems are mainly characterized by their skilled use in poems and their active participation in figurative expression of the thought to be presented through the poem.

Маягозель Джепбарова
(Туркменистан)

ПОСЛЕЛОГИ В СТИХОТВОРНЫХ СТРОКАХ МАХТУМКУЛИ

Послелоги широко выражены в стихотворениях великого туркменского поэта-классика Махтумкули Фраги. Они использованы так же, как сегодня используются в современном туркменском языке. Основная характеристика послелогов стихотворений состоит в том, что они придают новые значения и смысловые оттенки словам. Особенности послелогов в стихотворениях характеризуются главным образом их умелым использованием в стихотворениях и активным участием в образном выражении мысли через стихотворение.

Çaryýar Jumaýew, Orazgözel Jumaýewa
(Türkmenistan)

MAGTYMGULY PYRAGY WE SAZ SUNGATY

Türkmen halkynyň Beýik dana ogly Magtymguly Pyragynyň döredijiligini saz sungatyndan üzňelikde göz öňüne getirmek mümkin däl. Akyldar şahyrdan miras galan baý şygyr setirlerine saz sungatynyň wekilleri tarapyndan döredilen saz eserleri barmak basyp sanardan köp.

Beýik akyldar şahyryň döredijiliginiň saz sungaty bilen baglanyşygyny birnäçe ugurlary birleşdirip özleşdirilende onuň öz beýanyny tapjakdygy ikuçsuz. Ine-de şol ugurlar:

1. Magtymgulynyň saz sungaty barada pikirleri: a) saz sungaty barada: “Magtymguly *sazdyr, söhbetdir* işiň” ,“Bir *mukama* duş boldum”, “Zybandyr *mukam* gaşynda” “Gaýym gurulgydyr *sazy* behişdiň ”, “Bir *nagmakäri* nije *nowalar* çalyp ötdi”; b) saz gurallary barada: “Saz eýlär bolduň *gargydan*”, “*Tambur* alyp beýik nagra çaldyrsam”, “ Esrawul *suruny* çalsa gerekdir ”, “Şeýtan *sar-sar* (deprek) ursa” we ş. m.

2. Magtymgulynyň özüne bagyşlanylyp döredilen saz eserleri: a) kompozitorçylyk hünärinden ýörite taýýarlygy bolanlar: Aşyr Kulyýew “Magtymguly” poema, Weli Muhadow “ Magtymguly” 1-nji simfoniýa, Ý. Meýtus “Magtymguly” opera we ş.m.

b) bagşy-sazandalar, mukamçy kompozitorlaryň eserleri: Ýagmyr Nurgeldiýew “Pyragy”, Çary Täçmämmedow “Şahyrym”, Nazar Begliýew “Magtymguludyr ”, Nazar Gullaýew “ Pyragy ” we ş. m.

3. Magtymgulynyň şygyrlaryna döredilen saz eserleri:

a) türkmen kompozitorlary:

D. Öwezow “Myhmandyr”, “Bu derdi”, “Baglar heý”, “Halyma ”, N. Muhadow “Aýryldym”, O. Gurbannyýazow “Ýüzüňden, “Boýlaryňa”, R. Allaýarow “Neýläýin”, Ç. Nurymow “Oýanmaz”, “Armanym galdy”, N. Halmämmedow 8 romans we ş.m;

b) şahyryň şygyrlaryna bagşylar tarapyndan aýdylýan halk aýdymlaryndan käbiri:

“Ýoluksa”, “Ýedi manzar”, “ Sataşdym ”, “Züljelalym”, “Läle getirmiş ”, “Mätäç eýleme ”, “Jelil”, “Bu derdi”, “Begler” we ş.m;

ç) Magtymgulynyň soňky ýyllarda rus diline terjime edilen şygyrlaryna :

Rossiýanyň sungatda at gazanan işgäri, ýaşuly kompozitor, professor K.K.Bataşow Magtymguly Pyragynyň: “Ýar gerekdir”; “Görülsin indi”, “Delalat ýagşy; “Ýaýlaklary bar”; “Bagrym dilindi”; “Gumly çykypdyr”; “At islärin” ady bilen rus diline terjime edilen şygyrlaryny, fortepiano we bariton üçin 7 romans ýazypdyr.

Russiýanyň ýene-de bir ýaşuly kompozitory Wladislaw solowýow hem Beýik Akyldar şahyrymyzyň şygyrlarynyň rus diline terjime edilen 6 sany nusgasyny aýdyma öwrüpdir: “Duz hem bolmasa”; “Hijran haýsy bilmedim”; “Gyzmaly”; “Reftarydyr”; “Buluda gardy meni” “Türkmeniň” diýen goşgularyna fortepiano we bariton üçin romans aýdymlaryny döredipdir

Awtorlar ediljek çykyşyň dowamynda köptaraply maglumatlar bilen bilelikde ozal giň köpçülige aýan bolmadyk rus kompozitorlaryň eserleri barada hem ýakyndan tanyşdyrmagy göz öňünde tutulýar.

Charyyar Jumayev, Orazgozel Jumayeva
(Turkmenistan)

MAGTYMGULY PYRAGY AND MUSIC ART

The creativity of Magtymguly’s poetry and Music Art directly related to each other. They can be divided into several types:

1) Folk songs and melodies that are associated with the naming of the poet’s poems;

2) Songs and melodies on the verses of Magtymguly.

a) professional composers;

b) composers of mukams – melodists:

3) Works dedicated to Magtymguly of the poet about musical art.

4) The views of Magtymguly himself on the art of music;

During the speech, the speaker plans to acquaint the audience with some folk melodies associated with the work of Magtymguly.

Чарыяр Джумаев, Оразгозель Джумаева
(Туркменистан)

МАХТУМКУЛИ ФРАГИ И МУЗЫКАЛЬНОЕ ИСКУССТВО

Творчество поэзии Махтумкули и музыкальное искусство непосредственно связанны друг с другом. Их можно разделить на несколько видов:

1) народные песни и мелодии, которые связаны с упоминанием стихов поэта;

2) Мелодии и песни на стихи самого Махтумкули;

а) профессиональными композиторами;

б) мукамчи композиторами – мелодистами;

3) Произведении, посвященные самому Махтумкули Фраги;

4) Взгляды самого Махтумкули на музыкальное искусство;

Во время выступление планируется ознакомление слушателей с некоторыми народными мелодиями, связанные с творчеством Махтумкули.

Güljahan Jumaýewa
(Türkmenistan)

MAGTYMGULY PYRAGY – KÖŇÜLLERIŇ ŞAHYRY

Türkmen halkynyň akyldar şahyry Magtymguly Pyragy indi üç ýüz ýyla golaý wagt bäri öz ady bilen hem-de gaýtalanmaýan çeper döredijiligi bilen türkmeni dünýä tanadyp gelýär. Şahyryň döredijiliginiň özeni türkmeniň gadymy milliligini we baý halk döredijiligini bir sapaga düzýär. Magtymgulynyň döredijiliginde durmuşyň köp ugurlarynyň ýagdaýy, onuň ýaşan döwrüne degişli ýagdaýlar çeper sözüň üsti bilen suratlandyrylypdyr. Şol sebäpli hem şahyryň döredijiliginde durmuşyň köp ugurlarynyň jemlenmegi munuň aýdyň subutnamasydyr. Muňa mysal edip, şahyryň watançylyk, ahlaklylyk, öwüt-

nesihat, mertlik-namartlyk, söýgi temasynda we başga-da durmuşy meselelere bagyşlanylan goşgularyny görkezmek bolar.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Gahryman Arkadagymyz: “Gündogaryň beýik akyldary we danasy Magtymguly Pyragy özüniň çuňňur pähim-paýhasa ýugrulan goşgulary bilen ynsan kalbynda baky orun aldy. Dana Pyragynyň ynsanperwerligi, halallygy, agzybirligi ündeýän eserleri ähli adamzat üçin bahasyna ýetip bolmajak gymmatlykdyr” diýip belleýär.

Magtymguly öz döredijiliginde iň esasy orny, öz halkynyň egsilmez baýlygy we ata-babalarynyň milli mirasy bolan halk döredijiligine berýär. Hut şonuň üçin hem onuň goşgulary bütin halk köpçüligi üçin örän düşnükli hem-de täsirli bolup, olaryň ruhuna we bütin durkuna ornaýar.

Magtymguly Pyragy ynsan kalbynyň şahyry hökmünde tanalýar, çünki akyldaryň goşgulary ähli ynsanlar üçin paýhasdyr, nesihatdyr. Şahyryň millilige, ynsanperwerlige ýugrulan çeper döredijiligi ýaş nesilleri watançylyk ruhunda terbiýelemekde, kämil şahsyýetleri kemala getirmekde uly ähmiýete eýedir. Akyldar şahyryň edepliligi, agzybirligi, halallygy wagyz edýän goşgulary ynsan ruhuny baýlaşdyrýar.

Şahyryň:

Ýigit bolsaň, gezgil ýagşy at bilen –

diýen setirinde ýagşy at gazanmak, ýagşylyk etmek, il öňüne çykmakda görelde bolmak ündelýär. Şeýle hem onuň ylym-bilimi wagyz edýän goşgulary aýratyn bellenilmäge mynasypdyr. Çünki şahyr ylym-bilim öwrenmegiň, kitap okamagyň ähmiýeti hakynda hem öz goşgularynyň üsti bilen ýaşlara öwüt-nesihat edýär:

Adam bolsaň, gulak goýgul öwüde,
Alymlar ýanynda söhbet ýagşydyr.

Şu setirlerden görnüşi ýaly, alymlaryň ýanynda bolmak, olaryň nesihatyny diňlemek asylly ýörelgedir. Munuň özi halypa-şägirtlik ýolunyň hem ähmiýetlidigini beýan edýär. Şonuň üçin hem şahyryň goşgularynyň many-mazmuny örän çuňlukdan gaýtmak bilen, ýol-ýörelge görkezýär, kämilligiň ýoluny salgy berýär.

Magtymgulynyň özi hem alymlara sarpa goýupdyr, olaryň nesihatyny alypdyr. Onuň dünýä meşhur şahyr bolmagynda kakasy Döwletmämmet Azadynyň uly hyzmatynyň bardygyny görmek bolýar. Garry Molla ady bilen tanalýan Döwletmämmet Azady çeper söz sungatyna, edebiýata düşünýän we oňa ýokary baha berýän akyldar bolupdyr. Ol öz döredijiligi bilen türkmen halkynyň beýik şahyry Magtymgulynyň dünýägaraýşyna oňat täsir edipdir. Magtymguly Pyragy türkmen edebiýatyny mazmun taýdan baýlaşdyrmak bilen, şygyrlarynda halkylygy, milliligi ösdürip, sözüň güýji bilen ynsanlaryň kalbyna täsir edipdir. Onuň pähim-paýhasa ýugrulan döredijiligi, filosofik nukdaýnazardan durmuş hakykatyny

özünde jemleýär. Şonuň üçin hem şahyryň goşgulary çuňňur many-mazmuna eýe bolýar, çeperçilik taýdan hem ýokary derejelere ýetýär. Şahyryň köptaraplaýyn döredijiliginden durmuşyň ähli ugurlaryna degişli soraglara jogap tapmak bolýar. Şu nukdaýnazardan hem akyldar şahyryň halkara ylmy-edebi jemgyýetçiliginde hem uly abyraýy, mertebesi, sylag-hormaty bar.

Guljahan Jumayeva
(Turkmenistan)

MAGTYMGULY PYRAGY – POET OF HEART

The essence of Magtymguly's poetry is the ancient and rich folk art of the Turkmens. People's thoughts about the world, their understanding of the world with all their depth and wisdom were absorbed by the poet's work. Day by day he improved in his fateful work and won the love of the people as an outstanding poet of his time. In the poet's work, through the artistic words, the situations occurring in all areas related to the period of his life are evaluated. This is clearly evidenced by the concentration of many spheres of life in the poet's work. An example of this is the poet's poems dedicated to the theme of patriotism, morality, advice, courage and cowardice, love and other life issues. Magtymguly's poems are kept as sacred books in the homes of every Turkmen. When a person is sad and reads poems from the works of the poet, it is as if Pyragy himself is standing next to him and giving advice. One of the unique features of Magtymguly Pyragy's poetry is that his artistic poems, filled with deep meaning, embody the features inherent in humanity. Thanks to this, the poet's poems became songs and popular among the nations of the world. This is a great advantage, which gives a great impetus to raising the international status of the poet.

Гульджахан Джумаева
(Туркменистан)

МАХТУМКУЛИ ФРАГИ – ПОЭТ СЕРДЕЦ

Суть творчества Махтумкули – древнее и богатое народное искусство туркмен. Мысли людей о мире, их понимание мира со всей их глубиной и мудростью были поглощены творчеством поэта. День ото дня он совершенствовался в своей судьбоносной работе и завоевал любовь народа как выдающийся поэт своего времени. В творчестве поэта через художественное слово оцениваются ситуации, происходящие во всех сферах, относящихся к периоду его жизни. Об этом ярко свидетельствует

концентрация многих сфер жизни в творчестве поэта. Пример тому – стихи поэта, посвященные теме патриотизма, морали, советов, отваги и малодушии, любви и другим жизненным вопросам. Стихи Махтумкули как священные книги хранятся в доме каждого туркмена. Одной из уникальных особенностей творчества Махтумкули Фраги является то, что его стихи, наполненные глубоким смыслом, воплощают в себе черты присущие всему человечеству. Благодаря этому стихи поэта стали песнями и стали популярны у многих народов мира.

Amangül Karryýewa, Sylap Muhammedow
(Türkmenistan)

MAGTYMGULY PYRAGY WILÝAM ŞEKSPIRIŇ WATANYNDA

Şekspiriň Watanynda Magtymgulyny öwrenişiň irki sahypalaryna ser salnanda, türkmen halkynyň milli guwanjy Magtymgulynyň A.Hodzko tarapyndan iňlis diline terjime edilen üç goşgusyny görmek bolýar. Ilkinji terjime edilen üç goşgy hem Ýewropa tarap açylan ilkinji "penjiredir." Şol maglumatlar hem külli Horasanda meşhur bolan, goşgulary halk köpçüligi tarapyndan söýlüp okalan we okalýan türkmen şahyry hakyndaky ilkinji maglumatlardyr. A.Hodzko tarapyndan terjime edilen üç goşgynyň we golýazmadaky beýleki goşgularyň sanawy şu günki günde hem aýawly saklanylýar.

Iki ýüz ýyla golaý wagt bäri Merkezi Aziýa syýahatyndan soň diplomatik şahsyýetler bilen dostlukly gatnaşykda bolup, sowgat hökmünde belli bir golýazmany alandygy hakynda ylmy jemgyýetçilige habar beren A.Wamberi tarapyndan gola salnan we Londona alnyp gidilen (1842 ý.) türkmen akyldarynyň golýazma kitaby beýik Şekspiriň (Beýik) Britaniýanyň Milli kitaphanasynda bolan ýeke-täk golýazmasy bilen deň hatarda aýawly saklanylýar. Bu özge ýurtda türkmen danasynyň ägirt uly döredijiligine berlen gymmatly bahadyr. Bu ýagdaý beýik ýazyjy Şekspiriň Watany bolan Beýik Britaniýada Magtymgulynyň döredijiligini öwrenişiň 1842-nji ýyldan gözbaş alyp gaýdýan taryhynyň, ýagny magtymgulyşynaslygyň örän möhüm orun eýeleýändiginiň aýdyň subutnamasydyr.

Aradan göni ýüz ýyl geçenden soň, Magtymgulynyň ýubileýini geçirmek boýunça toparyň ýolbaşçysy akademik Şaja Batyrowyň, sekretary magtymgulyşynaslygy esaslandyranlaryň ilkinjileriniň biri akademik Baýmuhammet Garryýewiň aladalary bilen 1942-nji ýylda Magtymgulynyň şol golýazmasynyň hem goşgularynyň sanawynyň göçürme nusgalary Türkmenistana getirildi.

Görnükli alym Baýmuhammet Garryýewiň "Magtymgulynyň Londonda saklanylýan diwany" hem-de "Magtymgulynyň Britaniýa muzeýindäki kitaby" atly makalalary 1979–1980-nji ýyllarda "Türkmenistanyň halk magaryfy" žurnalynda çap edildi. Makalalarda golýazmada bar bolan 192 goşgy hakda düşündiriş berlipdir.

Beýik Garaşsyzlygymyzyň ýyllarynda Angliýada ýaşaýan we işleýän Magtymgulynyň döredijiligi bilen gyzyklanýanlar tarapyndan "Magtymgulynyň dostlary" jemgyýeti açylyp, ýörite "Makhtumkuli studies" žurnaly çap edilip başlanýar. Şeýle hem, belli iňlis şahyrlary Braýan Oldisiň, Piter Hýusiň gatnaşmagynda, belli magtymgulyşynas Ýusup Azmunyň ýardam bermeginde Magtymgulynyň goşgularyndan nusgalar kitap edilip, iňlis dilinde neşir edildi (1995ý.). Kitaby okap, türkmen danasy Magtymguly Pyragynyň döredijiliginiň, şan-şöhratynyň dünýä ýüzüne ýaýrandygy hakda giňişleýin düşünje almak bolýar. Bu günki günde Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Magtymguly Pyragynyň şygyrlary dünýä halklarynyň dillerine terjime edilmegini dowam etdirýär. Çünki Magtymguly külli adamzadyň şahyrydyr.

Amangul Garryyeva, Sylap Muhammedov
(Turkmenistan)

MAGTYMGULY PYRAGY IN THE HOMELAND OF WILLIAM SHAKESPEARE

Shakespeare's homeland, Great Britain, occupies a significant place in the history of Magtymguly studies for a number of indicators:

– to this day, the earliest in terms of publication and translation are three poems by Magtymguly, published in 1842 in London in English by Alexander Khodzko;

– for 200 years now, Magtymguly's poetry, along with the only manuscript of William Shakespeare, has been carefully preserved in the collections of the world-famous British Museum;

– the next stage in the popularization of Magtymguly's unique poetry was the creation of the Society of Friends of Magtymguly in Great Britain at the end of the last century; the publication of the journal "Magtymguly studies" and the book "Songs from the steppes of Central Asia.The collected poems of Magtymguly, eighteenth century poet-hero of Turkmenistan" on the initiative and with the support of this society.

Амангуль Каррыева, Силап Мухаммедов
(Туркменистан)

МАХТУМКУЛИ ФРАГИ НА РОДИНЕ ВИЛЬЯМА ШЕКСПИРА

Самыми ранними публикациями переводов являются три стихотворения Махтумкули, изданных в 1842 г. в Лондоне на английском языке Александром Ходзько;

Вот уже 200 лет как рукописи Махтумкули, наравне с единственной рукописями Вильяма Шекспира, бережно хранятся в фондах всемирно известного Британского музея;

Очередным этапом в популяризации уникальной поэзии Махтумкули явилось создание в Великобритании в конце прошлого века Общества Друзей Махтумкули (“The society of friends of Makhtumkuli”), издание журнала “Makhtumkuli studies” (“Махтумкуливедение”) по инициативе и при поддержке данного общества, а также книги “Songs from the steppes of Central Asia. The collected poems of Makhtumkuli, eighteenth century poet-hero of Turkmenistan” (“Песни из степей Центральной Азии”), целью публикации которой является “популяризация понимания и оценивания Махтумкули и туркменской культуры в целом”.

Aýna Kuliýewa
(Türkmenistan)

MAGTYMGULY PYRAGY – TÜRKMEN HALKYNYŇ ŞÖHRATY WE BUÝSANJY

Durmuş güýçli hem-de berkarar döwlet arzuw eden Magtymgulynyň aýdyň pikirleriniň dogrudygyny subut etdi. Beýik şahyryň özygtyýarly döwlet we türkmen halkynyň bagty baradaky arzuwlary biziň ýurdumyzyň garaşsyzlygyny gazanmagy bilen amala aşdy. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Magtymgulynyň zehininiň ölmez-ýitmezdigine, goşgularynyň halkyň kalbynda edebi ýaşajakdygyna onlarça ýyl ozal bolşy ýaly köp nesilleri buýsandyrjakdygyna göz ýetirýäris. Onuň çeper mirasy beýikligi, täze güýçleri bilen, täze üstünliklere tarap öňe çagyrýar.

Ayna Kuliyeva
(Turkmenistan)

MAGTYMGULI PYRAGY – PRIDE AND GLORY OF THE TURKMEN PEOPLE

Magtymguly, who dreamed of a strong and stable state, proved that his clear thoughts were correct. The great poet's dreams of a sovereign state and the happiness of the Turkmen people came true with the independence of our country. During the revival of the new era of the Turkmen state, we realize that Magtymguly's talent will not die, his poems will live forever in the hearts of the people, and will make many generations proud, just like decades ago. At the height of his artistic legacy, he calls forward to new achievements with new powers.

Айна Кулиева
(Туркменистан)

МАХТУМКУЛИ ФРАГИ – ГОРДОСТЬ И СЛАВА ТУРКМЕНСКОГО НАРОДА

У каждой страны или нации есть свой величайший поэт, память людская судит о нем прежде всего по тому, насколько смог он отразить в своем творчестве заветные думы и чаяния народа, его интересы, стремления, мечты, в какой мере удалось ему воплотить в произведениях главные проблемы эпохи. Как отмечает Национальный Лидер туркменского народа Герой-Аркадаг, "Махтумкули-поэт, воспевший духовное величие всего человечества. Неугасимый светоч в венце души". Великий туркменский поэт и мыслитель, основоположник туркменского литературного языка Махтумкули (Фраги), 300 летие со дня рождения которого будет отмечать вся страна, своими бессмертными творениями остался в памяти народной. Великий поэт, мечтавший о том, чтобы его народ жил мирной и спокойной жизнью, был образованным, развивал свою культуру, оставил соотечественникам прекрасное поэтическое наследие, наполненное мудростью и самыми теплыми чувствами. Отшлифованные, глубокие мысли в этих замечательных стихах, устремленные в будущее, отвечают духовным потребностям не только туркменского народа, но и всего человечества. Именно поэтому, значение поэтического наследия Махтумкули, выйдя за

национальные рамки, стало неотъемлемой частью мировой литературы, достойным вкладом в интеллектуальную сокровищницу человечества.

Творческий мир Махтумкули, посвятившего всю свою жизнь народу, богат и разнообразен. Уклад туркменской жизни XVIII века, история эпохи и политические события, безмерная любовь к туркменской земле, горячая любовь к воспитавшему его народу, социально-бытовые вопросы, красота природы, моральная чистота, светлая любовь - все это нашло место в творчестве поэта. Его песни – это как бы энциклопедия жизни народа. В них отражены исторические события, быт, нравы, законы, культурные традиции туркмен. В то же время, творчество поэта отражает общечеловеческие жизненные вопросы, доставляет духовное наслаждение не только туркменскому народу, но и другим народам мира. Своими бессмертными произведениями он воспевал человеческие добродетели – доброту, милосердие, терпение, выдержку, мудрость, ответственность, любовь и др. Именно по этой причине его прекрасные стихи, звучащие на устах как песня и впитанные памятью как мудрость, были переведены и переводятся на десятки языков народов мира. Махттумкули – поэт, внесший большие изменения не только в туркменскую, но и в историю тюркоязычной литературы.

С творчеством поэта знакомятся еще в детстве и не разлучаются до конца жизни. Самая большая заслуга Махтумкули Фраги перед туркменским народом – это его борьба за единение и осуждение разлада. Поэт оставил после себя прекрасное поэтическое наследие, уже в течение долгого времени много поколений туркменского народа воспитывалось и воспитывается на его уроке единства. Народ бережно сохранил бесценную сокровищницу творчества Махтумкули, и это ли не лучшее проявление народной любви к великому поэту!

Жизнь доказала правдивость светлых идей Махтумкули, мечтавшего о могущественном государстве. Мечты великого поэта о суверенном государстве, счастье туркменского народа сбылись с обретением нашей страной независимости. В эру возрождения новой эпохи Могущественного государства мы с новой силой осознаем, что гений Махтумкули бессмертен, его стихи будут жить вечно в душе народа, волновать, восхищать многие поколения, как и десятилетия назад.

Mähektäç Maksadowa
(Türkmenistan)

IŇLIS DILI SAPAKLARYNDA MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ GOŞGULARYNDAN DÖWREBAP TEHNOLOGIÝALARYŇ ÜSTI BILEN PEÝDALANMAK

Magtymguly Pyragy dünýä halklarynyň arasynda meşhurlyk gazanyp, türkmen edebiýatyny Ýer ýüzüne äşgär eden ussat. Şonuň üçin onuň goşgulary dünýäniň ençeme dillerine terjime edildi, ÝUNESKO-nyň "Dünýäniň hakydasy" halkara maksatnamasynyň sanawyna girizildi. Onuň ussatlygy ilkinji nobatda milliligindedir, halkylygyndadyr. Şahyryň öwüt-nesihat beriji goşgulary nesilleri terbiýelemekde uly ähmiýetli bolmak bilen, iňlis dili sapaklarynda hem öz ornuny tapýar. Galyberse-de iňlis dili sapaklarynda şahyryň milli we umumadamzat gymmatlyklaryny özünde jemleýän goşgularynyň ylmy taýdan öwredilmegine çemeleşilmegi, söz baýlyklarynyň iňlis dilinde milli äheňler bilen artdyrylmagynyň ünsden düşürilmezligi olaryň watançylyk duýgularyny ösdürmäge, kämil şahsyýetler bolup ýetişmeklerine, şöhratly geçmişimize guwanmaklaryna mümkinçilik berýär. Iňlis dili sapagynyň dürli ugurlarynda Magtymguly Pyragynyň goşgularyndan tehnologiýanyň täze gazananlarynyň üsti bilen peýdalanyp bolýar. Çünki onuň goşgularynda gozgalmadyk mesele ýok diýsek hakykatdan daşa düşmeris. Sapagy guramaçylykly geççirmek üçin okuw kitabyndan daşgary Magtymgulynyň ene dilimizdäki hem-de iňlis diline terjime edilen goşgularynyň ýygyndysy, multimediýa tagtasynda taýýarlanylan gönükmeleriň, ses ýazgylarynyň, tanyşdyryşlaryň üsti bilen peýdalanylýar.

Iňlis dili sapaklarynda goşgularyň ulanylmagynyň maksady ilki bilen talyplaryň söz baýlygyny artdyrmak bolsa, beýleki bir tarapdan terbiýeçilik işlerini amala aşyryp olaryň sözleýiş medeniýetini, döredijilikli pikirlenmelerini hem ösdürip bolýar. Hut şu jähtden iňlis dili sapaklarynda döwrebap tehnologiýalar bilen pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragynyň goşgularyny iňlis diliniň dürli ugurlaryny okatmakda, talyplaryň diňlemek, geplemek, okamak we ýazmak endiklerini ösdürmekde ulanmak maksadalaýyk bolýar.

Sapaga giriş hökmünde peýdalanmak. Magtymgulynyň köpöwüşginli goşgulary babatynda näçe aýtsaň bärden gaýdýar. Syýahatçylyk, geografiýa bilen bagly sapak geçilende iňlis hem-de türkmen dillerinde ýer-ýurt atlarynyň aýdylyşy dürli bolýar. Şol ýerlere degişli tanyşdyryşlaryň görkezilmegi hem-de goşgy setirlerinden mysal getirilmegi sapagyň täsirliligini artdyrýar. Mysal üçin, "Ýeldim tut" goşgusyndaky: "*In countries such as China, India, the Roman Empire and Ethiopia.*" şunuň ýaly setirler ýa-da goşgy bentleri bilen ýurtlaryň ady suratlar arkaly görkezilip başlanyp bilner.

Fonetik türgenleşik hökmünde peýdalanmak. Mugallym sapagyň dowamynda goşgularyň ses ýazgylaryndan olary diňlemek, aýtmak üçin peýdalanyp biler. Goşgy setirleriniň üsti bilen setirleriň äheňlerini öwrenmek, sesleri tanamak, ses bogunlaryny, basymlary tapawutlandyrmak ýaly ýumuşlaryň aýratynlygyna görä tapawutlandyrylýar, diňlemek we geplemek endikleri ösdürilýär. Talyplar goşgudaky basym düşýän sözleri belläp iňlis dilindäki basymlary tapawutlandyryp bilýärler. Goşgyny diňläp ony tonogrammada bogunlar hem-de basymlar arkaly görkezýärler. Şeýle-de talyplar goşgulary diňläp gaýtalaýarlar, ýat tutýarlar, öz seslerini ýazgy edip, olary diňläp gepleýiş endiklerini kämilleşdirýärler.

Grammatik gönükmeler hökmünde peýdalanmak. Grammatika sapaklarynda şahyryň goşgularyna salgylanylsa, sapagyň temasyndan hem-de maksadyndan ugur alnyp şahyryň goşgy setirleri multimediýa tagtasynda görkezilip talyplara işlikleri, sypatlary, atlary, ýer-ýurt atlaryny we beýlekileri tapmak ýumuşlaryny bermek bolýar.

Terjime gönükmeleri hökmünde peýdalanmak. Iňlis dili sapagynda terjime etmek ukyplaryny ösdürmek üçin hem şahyryň goşgularynyň audioýazgylaryny ýerlikli peýdalanmak mümkin. Mugallym munuň üçin özi goşgyny okaýar ýa-da öňünden taýýarlan ses ýazgysyny ulanýar we her bir sözüň terjimesini, transkripsiýasyny multimediýa tagtasynda görkezýär. Soňra talyplar olary diňläp labyzly okaýarlar we dilden ýa-da ýazmaça terjime edýärler.

Stilistika sapaklarynda peýdalanmak. Şekilli teswirleriň üsti bilen diliň çeperçilik serişdeleri öwredilende hem Magtymgulynyň çeper serişdelere baý döredijiliginiň ähmiýeti uludyr. Mysal üçin, *"A Turkmen, the son of a lion, won't be caught alive"* diýen setirlerini getirip metaforany tapmak ýumşuny bermek bolýar.

Umuman Magtymgulynyň köp taraply goşgularyny döwrebap tehnologiýalar bilen iňlis dili sapaklarynda ulanmak sapagyň maksadyna täsirli ýetmäge ýardam berýär.

Mahektach Maksadova
(Turkmenistan)

USING MAGTYMGULY PYRAGY'S POEMS IN ENGLISH LESSONS THROUGH MODERN TECHNOLOGIES

Article deals with the usage of Magtymguly's poems in English lessons through modern technologies. Magtymguly Pyragy's admonitional poems are of great importance in educating the young people and find their worthy place in English lessons as well. After all, in English lessons, the approach to the scientific teaching of poet's poems, which include national and universal values, and using

them to increase vocabulary in English language with national tones, allows them to develop their patriotism, become perfect individuals. His poems can be used in different aspects of English classes through modern technologies. In order to organize the lesson a collection of Magtymguly's poems in the native and in English languages is prepared through activities on the multimedia board, audio recordings and presentations. Poems can be introduced as warm-up activities connected with the theme of the lesson. On the other hand, they can be used as phonetic, grammar, stylistic, translation exercises to improve students' listening, speaking, reading and writing skills. In general, Magtymguly's multifaceted poems in English lessons with modern technologies helps to achieve the lesson's aim effectively.

Махектач Максадова
(Туркменистан)

СТИХИ МАХТУМКУЛИ ФРАГИ НА УРОКАХ АНГЛИЙСКОГО ЯЗЫКА С ИСПОЛЬЗОВАНИЕМ СОВРЕМЕННЫХ ТЕХНОЛОГИЙ

В работе речь идет об изучении стихов Махтумкули на уроках английского языка с использованием современных технологий. Назидательные стихи Махтумкули Фраги имеют большое значение в воспитании молодежи и находят достойное место и на уроках английского языка. Ведь на уроках английского языка подход к научному преподаванию стихов поэта, включающих национальные общечеловеческие ценности, и использование их для обогащения словарного запаса английского языка, позволяет студентам развить чувство патриотизма, стать творческими личностями. Его стихи можно использовать в различных аспектах английского языка с применением современных технологий. Для организации урока можно воспользоваться сборником стихов Махтумкули на родном и английском языках посредством задания на мультимедийной доске, аудиозаписей и презентаций. Стихи поэта можно использовать в качестве вводной части к урок. С другой стороны, на практических занятиях учащимся можно предложить различные виды заданий по стихотворениям Махтумкули фонетического, грамматического, стилистического и переводческого характера для улучшения навыков слушания, говорения, чтения и письма. В целом, многогранные стихи Махтумкули на уроках английского языка с использованием современных технологий помогают эффективно достичь цели урока.

Röwşen Muhammedow
(Türkmenistan)

MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ GOŞGULARY BAGŞYLARYŇ GÖWÜN SYRDAŞY

Şahandaz halkymyz toý-baýramlaryň bezegi bolan bagşy-sazandalarymyza hormat goýmak bilen, olaryň ýerine ýetirijiliklerinden taryhymyzyň pursatlaryny ýatda saklapdyrlar. Bagşylar halypadan şägirde geçirip gelen öz sungatlary bilen sazyň hem sözüň özboluşly labyzly ýaňlanmagyna mynasyp goşant goşupdyrlar. Bularyň döredijiliklerinin kämilleşmeginde bolsa, Magtymguly Pyragynyň goşgulary uly orny eýeleýär.

Şahyryň halk aýdymlaryna öwrülip giden ençeme eserleri bilen bir hatarda, mukamçy kompozitorlar tarapyndan aýry-aýry goşgulara saz döredilip, aýdym mirasyna girizilmegi beýik söz ussadynyň goşgularynyň halk üçin gymmatly gözbaş bolup durýandygynyň aýdyň delilnamasydyr. Dürli mazmunlaryň ýokary derejelerde ýaňlandyrylmagynyň esasynda, goşgularyň ömri uzaýar, olar saz bilen bezelip, diňleýjileriň islegli aýdymlaryna öwrülýär. Bagşy-sazandalarymyzyň döredijilik tärleriniň aýratynlyklarynda peýda bolan aýdymlar halkymyzyň şygyr hem saz sungatlarynyň islegli bolmagyna şert döredýär.

Rovshen Muhammedov
(Turkmenistan)

POEMS BY MAGTYMGULY PYRAGY ARE SPIRITUAL INSPIRATION OF BAGSHIES

Our people, who love music and songs, highly respect musicians and singers, who decorate our weddings and all festivities with their performances, making people to remember the pleasant moments in their life. The bagshys worthy contribution to the melodious music and singing art, which they passed from mentor to pupil. The poems by Magtymguly Pyragy occupy a great place in the perfection of their creativity.

Along with many poems created by the poet that became folk songs, music was created to his poems by famous composers, and their inclusion in the musical heritage is a vivid proof that the poems of the outstanding poet are a valuable source for the people. Based on high-level sounding of various-content poems, the poems become immortal, they are embellished with music and become the favorite songs of the listeners. The songs, created in various musical trends of our bagshy-musicians, are very popular among people, who are true fans of music and singing art.

Ровшен Мухаммедов
(Туркменистан)

СТИХОТВОРЕНИЯ МАХТУМКУЛИ ФРАГИ – ИСТОЧНИК ДУХОВНОГО ВДОХНОВЕНИЯ БАХШИ

Наш народ, отдавая дань уважения нашим музыкантам, которые украшают свадьбы и праздники, запоминал знаменательные события истории из их выступлений. Бахши своим искусством внесли достойный вклад в дело достижения уникального звучания музыки и слова. Эти знания они передали по принципу “наставник – ученик”. Стихи Махтумкули Фраги играют большую роль в совершенствовании их творений.

Наряду со многими произведениями поэта, ставшими народными песнями, композиторами создана музыка к отдельным стихотворениям, и включение их в музыкальное наследие является ярким доказательством того, что стихотворения великого поэта являются ценным источником для народа. Благодаря патетическому звучанию, стихотворения – бессмертны, они украшаются музыкой и становятся любимыми песнями слушателей. Песни, выступающие в характеристике творческих стилей наших бахши-музыкантов, создают условия для востребованности поэзии и музыки нашим народом.

Gülbahar Muhammedowa
(Türkmenistan)

MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ GOŞGULARY KOMPOZITORLARYŇ HOR ESERLERI ÜÇIN GYMMATLY ÇEŞME

Beýik söz ussady Magtymguly Pyragynyň döredijiliginiň halkara giňişleginde şöhlelenmekligi onuň mirasynyň gymmatynyň ýokarydygyna şaýatlyk edýär. Bagşy-sazandalarymyzyň ýerine ýetirijiliginde ähmiýetli orun eýeleýän şahyryň umman ýaly giň şygyr döredijiligi kompozitorlarymyzyň hem ajaýyp sazlary bilen bezelip, has-da täsirli ýaňlanmagyny gazandy. Gündogaryň beýik akyldarynyň söz baýlygynyň labyzly hem ynamly seslenmeginde täsin heňleriň eýeleýän orny uludyr.

Şahyryň ençeme goşgularyny hor üçin aýdyma geçiren kompozitorlaryň ajaýyp eserleri köp sesliligi, ýakymly owazlanyşy bilen alamatlanýar. D. Öwezowyň “Gitseň – bar aman!”, W. Muhatowyň “Halymga”, A. Kulyýewiň “Aýryldym”, W. Ahmedowyň “Türkmeniň”, H. Allanurowyň “Ýyglap geçer halyma”,

R. Allaýarowyň "Neýläýin", R. Gutlyýewiň "Näzli dildar" ýaly ýene-de ençeme aýdymlar Magtymgulynyň gymmatly setirleriniň özboluşly nusgawy heňlerini emele getirdi. Olaryň aýdymlarynda milli äheň, dürli ritmiki hem saz serişdeleriniň aýratynlyklary sazlaşykly beýan edildi.

Magtymgulynyň goşgularyna döredilen hor aýdymlary a'kapella hem sazandarlykly ýerine ýetiriliş üçin niýetlenilip, kompozitorlaryň beýan ediş ussatlyklary ýüze çykýar. Olar goşgularyň many-mazmunyny sazyň güýji bilen çeperleşdirmekligi başarýarlar. Netijede, dürli göwrümli, biri-birinden tapawutly saz ýazuwynyň esasynda goşgularyň labyzly bolmaklygy gazanylýar.

Gulbahar Muhammedova
(Turkmenistan)

THE POEMS BY MAGTYMGULY PYRAGY ARE A VALUABLE SOURCE FOR ALL CHORAL WORKS OF COMPOSERS

The glorification of creativity of the great classic poet Magtymguly Pyragy in the international space testifies to the high value of his heritage. The poetic creativity of the poet, whose poems were used by our composers, take a significant place in the impressive music and song performances of bagshy-musicians. The sonorous musical compositions to the poems by the great thinker of the East are of great importance in their popularization.

The great works of the composers, who set many poems of the poet to music for the choir, are characterized by polyphony and pleasant intonation. The songs "Gitseň – bar aman!" by D. Ovezov, "Halymga" by V. Mukhadov, "Aýryldym" by A. Kulyyev, "Türkmeniň" by V. Ahmedov, "Ýyglap geçer halyma" by H. Allanurov, "Neýläýin"by R. Allayarov, "Näzli dildar" by R. Gutlyyev and many other songs, formed the unique classical melodies to Magtymguly's invaluable poetic lines. The national tone, various rhythmic and musical features were harmoniously expressed in their songs.

The choral songs to Magtymguly's poems are intended for A cappella and accompanied musical performance, and the expressive skills of the composers are revealed in them. They are able to make the poems more artistic due to the power of music. As a result, the lyrics of the poems are achieved on the basis of the different-volume and different from each other musical compositions.

Гульбахар Мухаммедова
(Туркменистан)

СТИХОТВОРЕНИЯ МАХТУМКУЛИ ФРАГИ – ЦЕННЫЙ ИСТОЧНИК ДЛЯ ХОРОВЫХ ПРОИЗВЕДЕНИЙ КОМПОЗИТОРОВ

О высокой ценности наследия Махтумкули Фраги свидетельствует тот факт, что творчество великого мастера слова обретает растущую популярность на международной арене. Бесценное поэтическое наследие поэта, играющего важную роль в творчестве наших музыкантов, украсилось прекрасной музыкой наших композиторов и получило более действенный отклик. В красноречивом и уверенном звучании лексики великого мудреца Востока большую роль играют уникальные напевы.

Замечательные произведения композиторов, положивших на музыку для хора многие стихотворения поэта, отличаются полифонией и приятной интонацией. Многие мелодии, как “Gitseň – bar aman!” Д. Овезова, “Halymga” В. Мухатова, “Aýryldym” А. Кулыева, “Türkmeniň” В. Ахмедова, “Ýyglap geçer halyma” Х. Алланурова, “Neýläýin” Р. Аллаярова, Р., такие как “Näzli dildar” Гутлыева, – уникальную классическую музыку из бесценных по содержанию строк Махтумкули. В них гармонично выражаются национальный мотивы, различные ритмические и музыкальные особенности.

Хоровые песни на стихи Махтумкули предназначены для музыкального исполнения и а капелла, раскрываются выразительные способности композиторов. Они способны художественно передать смысл стихов силой музыки. В результате напевность стихотворений достигается на основе отличных друг от друга способов нотной записи.

Laçyn Hudaýberdiýewa
(Türkmenistan)

KÄMIL ŞAHSYÝETI KEMALA GETIRMEKDE MAGTYMGULYNYŇ ESERLERINIŇ ÄHMIÝETI

Gahryman Arkadagly Serdarymyzyň “Terbiýe we tejribe – ynsan ykbalynyň goşa ganaty. Alan terbiýämiz ykbalymyza, alnymyza täsir edýär. Amal edýän her işimiz tejribämize öwrülýär. Tejribe bolsa diňe özüň gazanylýan, ýöne il-gün bilen paýlaşylýan hazynadyr. Gowy zatlar, il-halka ähmiýetli zatlar paýlaşyldygyça, olaryň berekedi artmak bilen bolýar” diýip belleýşi ýaly, nusgawy şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň pähim-paýhasy özünde jemleýän eserlerinde döwlet bilen

adamlaryň arasyndaky garaýyşlary beýan edýän milli filosofik dünýägaraýyşlar öz beýanyny tapýar.

Hormatly Prezidentimiziň "Magtymguly – bu mizemeýän Watan söýgüsi, halk ykbalynyň aladasy, belent häsiýetleriň gaýmagydyr" diýip belleýşi ýaly, şahyryň eserlerinde Watan söýgüsi, jemgyýeti özgertmek, halkyň gündelik ýaşaýyş-durmuşyny gowulandyrmak, adamlar bilen döwletiň arasyndaky gatnaşyklary kämilleşdirmek bilen baglanyşykly dürdäne setirler eriş-argaç bolup geçýär. Şeýle-de jemgyýetde özüňi alyp barmagyň edep-kadalary, agzybirlik, ygrarlylyk, sadalyk, myhmansöýerlik ýaly ata-babalarymyzyň ynsanperwerlik, ahlak ýörelgeleri öz beýanyny tapypdyr.

Gahryman Arkadagymyzyň "Magtymguly Pyragy adamzada tämiz ruhly, sagdyn ahlakly, şirin zybanly, ajaýyp şygyrlary miras galdyran akyldar şahyrdyr" diýip belleýşi ýaly, akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň goşgularynyň mazmuny we estetiki garaýyşlary adamkärçiligiň belent hem asylly sypatlaryna, adam ruhunyň gözelliklerine, täsinliklerine ýugrulandyr. Magtymguly hemmeleriň ruhy dünýäsiniň baý hem gözel, kalbynyň päk bolmagyny arzuw edipdir. Magtymguly atamyz adamlaryň gönüni tapmagy başaranlygy üçin, tutuş adamzat kalbynyň töründen orun alyp, dünýäniň nusgawy şahyryna öwrüldi.

Türkmen alymy B. Garryýew Magtymguly atamyzyň göwün sözüne uly orun berilýändigini ylmy taýdan subut edip: "Türkmenlerde "Göwni açygyň-ýoly açyk" diýilýär. Şonuň ýaly, Magtymguly hem ömri ötýänçä, gülüp-oýnap, şatlykda ýaşamaga haklydyr, ol geljege umytly, göwnaçyk, alçak bolmalydyr" diýen pikiri ýöredýär. Magtymguly Pyragy:

Goç ýigidiň işi söhbet, saz bolar,
Güni gyş bolmaýan, daýym ýaz bolar.

diýýär. Magtymgulynyň atasy Döwletmämmet Azadynyň nygtaýşy ýaly, adamyň göwnüne degmek, ony ruhy taýdan kemsitmek bolýar. Çünki göwün ahlagyň esasy daýanjydyr.

Gahryman Arkadagymyzyň "Döwlet adam üçindir!" diýen baş şygaryny "Watan diňe halky Watandyr, döwlet diňe halky bilen döwletdir!" diýen şygar bilen dowam edýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde asyrlardan-asyrlara, nesillerden-nesillere geçip gelýän beýik akyldaryň edebi mirasy häzirki wagtda ylmy taýdan öwrenilýär. Şahyryň paýhasyny ylmy taýdan içgin öwrenip, dünýä ýaýmak döwürdeşlerimiziň, magtymgulyşynaslaryň mukaddes borjudyr. Şahyryň döredijiliginiň islendik ynsanyň kalbynda ylham, ruhubelentlik, çäksiz joşgun döredýändigi onuň şygyrlarynyň umumadamzat gymmatlydygyny tassyklaýar.

Şu nukdaýnazardan, Magtymguly Pyragy öňe sürýän pikir-paýhasy bilen özüne bendiwan eden şahyrdyr. Munuň esasy sebäbi ruhy ahwallaryň umumadamzat garaýyşlaryna gabat gelmegidir.

Beýik söz ussadymyz Magtymguly Pyragynyň şygyrlaryny dünýä ýaýmakda beýik işleri amala aşyrýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň, janlary sag, ömürleri uzak, tutýan tutumly işleri rowaç alsyn!

Lachin Hudayberdiyeva
(Turkmenistan)

SIGNIFICANCE OF MAGTYMGULY'S WORKS IN THE FORMATION OF A PERFECT PERSONALITY

Excellent lines related to patriotism, reforming society, improving relations between people and the state, as well as the humanistic and moral principles of our ancestors, such as rules and standards of behavior in society, unity, tolerance and hospitality run like a red thread through the works of Magtymguly Pyragy.

Magtymguly dreamed that every person would have a rich and beautiful spiritual world, and a pure soul. Thanks to the fact that our outstanding thinker Magtymguly knew how to inspire people, he became a world-class classical poet, deeply rooted in the souls of all humanity.

Лачин Худайбердыева
(Туркменистан)

ЗНАЧЕНИЕ ПРОИЗВЕДЕНИЙ МАХТУМКУЛИ В ФОРМИРОВАНИИ СОВЕРШЕННОЙ ЛИЧНОСТИ

В произведениях Махтумкули Фраги красной нитью проходят прекрасные идеи, связанные с патриотизмом, реформированием общества, совершенствованием отношений между людьми и государством, а также гуманистические и нравственные принципы наших предков, такие как правила и нормы поведения в обществе, сплоченность, толерантность и гостеприимство.

Махтумкули мечтал о том, чтобы каждый человек имел богатый и прекрасный духовный мир, чистую душу. Благодаря тому, что наш выдающийся поэт умел вдохновлять людей, он стал мировым классиком, идеи которого глубоко укоренились в душе всего человечества.

Meňli Muhammedowa
(Türkmenistan)

ÝODALARY ÝOLA BIRIKDIREN ŞAHYR

Magtymguly Pyragy türkmen edebiýatynyň görnükli wekili bolmak bilen bir hatarda eserleri türkmen halkynyň aňy, millilik düşünjesi bilen birigen şahsyýetdir. Baý ruhy dünýäsine, uly ylmy goruna daýanýan akyldaryň şygyrlary şahyry Gündogaryň beýik akyldary hökmünde äleme äşgär etdi.

Bir esasy pikir dogrusyndaky döreýän birnäçe pikir bu esasdan üzňe däldir. Hakykat birdir, şol esasda dürli pikirler, bir agaja bagly dürli şahalar mysaly kökde, göwrede birleşýändir. Dini garaýyşlarda hem köp pikirlilik, ugurlar, mezhepler bolup, olar şahyryň döredijiliginde hem ýygy-ýygydan ýüzlenilýän temalaryň biridir.

Şahyr Osman türkmenleriniň döwletiniň waspyny ýetirýän "Döwletalynyň" atly şygrynda:

Sünnüýe sütündir, kapyra setdir –

diýip bellemek bilen ol "Döwlet-i Aly" diýip atlandyrylan Osman imperiýasynyň güýji, onuň musulman jemgyýetine sütünligi, köp illidigi, sowulmaz ýazlydygy "sünni" sözüni getirmek bilen taryplaýar. Şahyr bir akyma degişli edilýän şahsyýertleriň ady bilen bir hatarda, dürli pikirlere gulluk eden şahsyýetleriň adyny hem döredijiliginde hormat bilen agzap geçýär. Meselem şahyr özüniň "Şypa ber" atly goşgusynda:

On iki ymam, biri-birinden serwer –

diýip, ýüzlenýän goşgusynda ady agzalýan on iki ymam Hezreti Alynyň özi, iki ogly Hasan bilen Hüseýin we neberesine degişli bolan sekiz sany şahsyýetdir. Şeýle-de, dana Pyragy "Bagyşla bizni" atly on iki bentden ybarat bolan şygrynda Aly, Hasan, Huseýn, Zeýnulabydyn, Ryza (Gyzyl ymam), Muhammettagy, Muhammetnaky, Muhammetbagyr, Jagfar, Musa Käzim, Esger, Apbas Aly ýaly ymamlaryň adyny agzap olaryň hormatyna dalla soraýar. Bu şygyryň ilkinji setiri bolan:

Resul damadydyr, öz arslanyňdyr –

setiri bolsa bu şahsyýetleriň ýaşan zamanasyndan soň ýüze çykan pikir aýrylyklaryny Magtymguly Pyragy özüniň bir şygrynda jemlemegi we agzybirligiň, birek-biregiň pikirine sarpa goýmagyň ähmiýetine ussatlyk bilen ünsi çekmegi başarypdyr.

Dana Pyragynyň döredijiligi ähli döwürlerde nusgalyk türkmen ýoly bolup agzybirligiň, birek-birege hormat goýmagyň çakylykçysy bolup tutuş dünýä ýaň salýar.

Mengli Muhammedowa
(Turkmenistan)

A POET CONNECTING PATHS TO THE ROAD

Magtymguly Pyragy an is outstanding Turkmen poet. His attitude of mind united to the mind and national sense of Turkmen people. Poems of sage, based on his wealthy spiritual nature and great scientific resource, made known him as a great sage of the East. Various ideas occurred from one basic idea are not separated from the principle. The truth is one, on that basis various opinions, such as various branches attached to the tree, which combined in the root and the body. There are several thoughts, ways, sects in the religious views, which are one of the topics addressed in the literature of the poet.

Creativity of sapient Pyragy is ideal Turkmen way of all times, he is shining as summoner of unity and mutual respect all over the world.

Менгли Мухаммедова
(Туркменистан)

ПОЭТ, ОБЪЕДИНЯЮЩИЙ ТРОПИНКИ В ДОРОГУ

Махтумкули Фраги не только яркий представитель туркменской литературы, но и личность, чьи произведения соединены в разум туркменского народа с представлением национальности. Поэзия мыслителя, которые опираются на богатый духовный мир и больной научный запас, открыли поэта всему миру как великого мыслителя Востока. Несколько идей, возникающих из одной основной идеи, не являются исключением из этого принципа. Истина одна, и на этой основе разные идеи, как разные ветви дерева, соединяются у корня и ствола. И в религиозных взглядах существуют множество направлений, которые являются одними из тем, рассматриваемых в творчестве поэта.

Творчество мудреца Фраги – это образцовой путь туркмен всех времён, и это является призывом всего мира к единству и взаимному уважению.

Amanbike Myradowa, Näzik Hudaýberdiýewa
(Türkmenistan)

AKYLDAR ŞAHYRYŇ ŞYGYRLARYNYŇ TERBIÝEÇILIK ÄHMIÝETI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýaşlar jemgyýetçilik ösüşiniň ähli ulgamlaryny kämilleşdirmekde uly güýç bolup çykyş edýär. Biziň günlerimizde türkmen döwletiniň kuwwaty hasaplanylýan ýaşlary kemala getirmekde, terbiýelemekde tagalla edilýär. Ata-babalarymyzyň döwletlilik ýörelgelerini, durmuş kadalaryny berjaý eden halkymyzyň ýaşaýyş medeniýeti umumadamzat ahlak medeniýeti bilen sazlaşykly utgaşyp, onuň esasynda nesil terbiýelenýär. Ýaş nesliň aňynda ene topraga, ata Watana mizemez söýgini döretmek möhümdir. Ýurdumyzda ýaş nesli beden taýdan sagdyn, hünärli edip ýetişdirmek, onuň döredijilik ukybyny we pikirlenmek başarnyklaryny jemgyýetimiziň kämilleşmegine hem-de döwletimiziň täze sepgitlere ýetmegine gönükdirmek häzirki zaman terbiýeçilik işiniň özenidir. Ýaşlarda ahlak medeniýetini kemala getirmegiň esasy maksady olarda watansöýüjilik duýgusyny döretmekden, Diýarymyza bolan buýsanjy artdynnakdan, şahsyýetiň, jemgyýetiň we döwletiň bähbitlerine olaryň goşýan goşantlaryny artdynnakdan ybaratdyr. Şeýle derwaýys işler ata-baba döwleti dowam edip gelýän milli däp-dessurlara we asylly ýörelgelere esaslanýar. Ýaşlarda ahlak medeniýetini kemala getirmekde milli mirasymyzyň ähmiýeti örän uludyr. Ençeme asyrlar bäri dowam edip gelýän türkmeniň döwletlilik ýörelgesi bu günki ýaşlarymyz üçin durmuş mekdebidir. Jemşidiň jamy ýaly şeýle egsilmez milli gymmatlyklary beýik Magtymguly Pyragynyň döredijilik mirasynda görmek bolýar. Magtymgulynyň döredijiliginiň içinden eriş-argaç bolup geçýän halkyň asylly ýörelgeleriniň biri watansöýüjilikdir. Watansöýüjilik her bir adamyň öz Watanyna we halkyna wepaly bolmagy, oňa ak ýürek bilen hyzmat etmegi zerur bolan halatynda öz janyny gurban etmäge taýýar bolmagyny aňladýar. Oz Diýaryňy eý görmek, il-halkyň bähbidini şahsy bähbitlerden ileri tutmak, halkyňa gulluk etmek baradaky pikirler Magtymgulynyň döredijiliginde uly orun eýeleýär. Akyldar şahyr birek-biregi sylamagy, hormatlamagy, adam gadyryny bilmegi, mertebesini saklamagy ündew edipdir. Watana, ene topraga janyň-teniň bilen berlip, il-halkyň bähbidini ileri tutup, halkyňa ak ýürekden gulluk edip, öz ýurduňa, halkyňa peýda getirmegi, halal zähmeti söýmegi tekrarlaýar. Ösüp gelýän ýaş nesli halallyk, watançylyk, zähmetsöýerlik, edermenlik ruhunda terbiýelemekde ýaşulularyň baý durmuş tejribelerini, hyzmatlaryny bellemek bolar.

Gündogaryň beýik akyldary Magtymgulynyň türkmeniň milli ruhundan sünnälenip, onuň akyl-paýhasyndan altyn damjasy deý süzülip geçiren ideýalary bu gün adamzat ýaşaýşynyň ýörelgeleri bilen sazlaşyp, medeni-ruhy genji-

hazynasynyň aýrylmaz bölegine öwrüldi. Magtymguly Pyragynyň şygyrlary ýaş nesli terbiýelemekde, durmuşa taýýarlamakda özboluşly ýol görkezijidir. Onuň millilige ýugrulan döredijiligi ähli döwürler üçin gymmatly ruhy-ahlak mekdepdir. Akyldar şahyryn pähim-paýhasa ýugrulan ajaýyp eserleri, juda köptaraply temalar boýunça ýazan şygyrlaryndaky parasatly pikirleri hemmetaraplaýyn ösen şahsyýeti terbiýelemekde möhüm ähmiýete eýedir. Şahyryň döredijilighie ynsanda belent ahlak sypatlary terbiýelemek meselesine uly orun berilýär. Beýik şahyr şygyrlarynda türkmen halkynyň ruhy-ahlak ýörelgelerini, ynsanperwerlik, adalatlylyk ýaly belent sypatlaryny wagyz edipdir. Onuň umman ýaly giň we çuň, köptaraply, ideýa-mazmuna bay döredijiliginde türkmen halkynyň däbine, dessuryna, ruhy ýörelgesine öwrülen. watançylyk, halallyk, agzybirlik, arassa ahlaklylyk, edeplilik, sabyr-kanagatlyllyk, pespällik baradaky öwüt-nesihatlara ýugrulan goşgulary esasy orny eýeleýär.

Şahyryň pähim-paýhasa, öwüt-nesihata ýugrulan eserleri halkymyzyň ruhuna we aňyna mydamalyk siňipdir. Türkmen halkynyň beýik akyldary

Magtymguly Pyragynyň edebi mirasy, ynsanperwerligi, päk ahlaklylygy, erkinligi, adalatlylygy wagyz edýän pelsepewi garaýyşlary, terbiýeçilik ähmiýetli ajaýyp şygyrlary kämil nesli terbiýelemekde gymmatlydyr.

2024-nji ýylda bütindünýä jemgyýetçiligi Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllyk ýubileýini halkara derejesinde bellemäge giňden girişdi. Ynsan kalbynyň öçmejek nury bolan akyldar Magtymgulynyň şygryýeti dünýäniň ägirtleriniň ýanynda özüniň mynasyp ornuny eýeledi. Magtymgulynyň özbaşdak berkarar döwleti gurmak, halkyň asudalykda, agzybirlikde erkana ýaşap, öz, ýurdunyň güllemeginiň, özgermeginiň hatyrasyna önjeýli zähmet çekmek, ilatyň ylymly-bilimli bolmagyny üpjün etmek baradaky arzuwlary hasyl boldy.

Amanbike Myradova, Nazik Hudayberdiyeva
(Turkmenistan)

THE EDUCATIONAL SIGNIFICANCE OF THE POEMS OF THE WISE POET

Magtymguly Pyragy's poems are a unique guide in educating the young generation and preparing them for life. His national creation is a valuable spiritual and moral school for all ages. The wise poet's wonderful works of wisdom, his intelligent thoughts in his poems on various topics are of great importance in educating a well-rounded personality. In the work of the poet, a great place is given to the issue of raising high moral qualities in a person. The poet's literary heritage, humanitarianism, morals, freedom, and justice, his philosophical views, and his great educational poems are valuable in educating the next generation.

Аманбике Мурадова, Назик Худайбердыева
(Туркменистан)

ВОСПИТАТЕЛЬНАЯ ЗНАЧИМОСТЬ СТИХОТВОРЕНИЙ МУДРОГО ПОЭТА

Стихи Махтумкули Фраги являются уникальным руководством в воспитании молодого поколения и подготовке его к жизни. Его поэтические творения являются ценной духовно-нравственной школой для всех возрастов. Замечательные произведения мудрого поэта, его глубокие мысли по различным проблемам человеческого бытия имеют большое значение в воспитании всесторонне развитой личности. В творчестве поэта большое место отведено вопросу воспитания в человеке высоких нравственных качеств. Литературное наследие поэта, гуманизм, мораль, свобода и справедливость, его философские взгляды, его великие просветительские идеи имеют непреходящую ценность для воспитания подрастающего поколения.

Şemşat Nobatowa
(Türkmenistan)

MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ ŞYGYRLARYNDA MYLAKATLY SÖZLEÝŞIŇ ŞÖHLELENDIRILIŞI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda milli mirasymyzy öwrenmeklige uly mümkinçilikler döredilýär. Şahyryň eserleri durmuşyň dürli-dürli taraplaryny öz içine alýar. Onuň watançylyk, terbiýeçilik ähmiýetli goşgulary bilen birlikde, sözleýiş medeniýeti dogrusyndaky kämil garaýyşlary özünde jemleýän çuň manyly şygyrlary ynsan kalbynda öçmejek yz galdyrýar. Şahyr ýaş nesliň terbiýesinde birek-biregiň gönünе degiji ajy söz aýtmazlygy, süýji sözli bolmaklygy öwretmäge aýratyn üns berýär. Bu barada ençeme mysallary getirmek bolar. Akyldar Pyragynyň şygyrlarynda: “Ýagşy oguldan rehnet arygy akar”, “Akylly az gürlär gorkar tilinden”, “Ýagşy söze gulak salgyl”, “Az iýip, az uklap, ýene az sözle”, “Sözlegen sözleri misli bal kibi” ýaly setirleri görmek bolýar. Ol şunuň ýaly birnäçe setirleri bilen ýaş nesli süýji sözli, medeniýetli, adamkarçilikli bolmaga çagyrýar. Mylakatly, mylaýym, hoşamaý we mähirli bolmaklyk ýagşy edepliligiň mizemejek nusgasydyr. Ýagşy söz adamyň gözelligine, pähim-paýhasyna, ykbalyna göni täsir edýär. “Ýagşy

söz ýylany hininden çykarar” diýlişi ýaly, ol misli bir miweli agaçdyr. Dana pederlerimiziň “Göwün göwünden suw içer, gamyş-bogundan” diýen parasatly aýtgysy hem ynsanyň ýagşy niýet-päliniň şirin sözünde, ýagşy amallarynda jemlenýändigini görkezýär. Kelam, ýagşy söz bakylyga ýardyr. Sözüň güýji, onuň bakylygy adamzat döräp, asyrlardan-asyrlara ykrar edilen hakykatdyr. Söz ynsan gatnaşygynyň daýanjydyr, kuwwatydyr, zerur serişdesidir. Magtymgulynyň:

At gazanan goç ýigidiň,
Owal bedew aty gerek,
Gelene garşy çykmaga,
Ýagşy muhapbeti gerek.

diýen setirlerinden görnüşi ýaly, ýagşy söz adamkärçiligiň gözbaşydyr. Şahyryň süýji söz, sözleýiş edebi dogrusyndaky pikirleri dogruçyllyk, dürs sözlemek baradaky setirleri bilen ösdürilýär. Ol “Dişini uşadyň ýalan sözlese”, “Dür bolsun daýyma sözlegen sözüň”, “Sözlegende söz manysyn bilmeýen”, “Söz sözledip, söz aslyna ýetmeseň” ýaly setirlerinde ynsan häsiýetlerinde söz sözlenende ýedi ölçäp bir kesmegi, dogruçyl bolmagy ündeýär. Muny şahyr ynsanlygyň asyl nusgasy hasaplaýar. Ýagşy söz adamyň gözelligine, pähim-paýhasyna, ykbalyna göni täsir edýär. Şonuň üçin gowy sözlemek, hoşniýetli gürlemek endigini ynsanyň kalbyna ýaşlygyndan guýmaly we şol ruhda terbiýelemelidir. Akyldar şahyryň mylakatly sözleýiş dogrusynda öňe süren pikirleri, bu baradaky dana setirleri ýaş nesli terbiýelemekde bilim işgärleriniň baş ýörelgesidir.

Shemshat Nobatova
(Turkmenistan)

ARTISTIC REFLECTION OF THE VALUES OF FAVOURABLE TREATMENT IN PEOPLE’S RELATIONSHIPS IN THE POETRY OF MAGTYMGULY PYRAGY

The creative world of the wise poet Magtymguly Pyragy is an invaluable spiritual value for the education of the young. The works of Magtymguly, translated into languages widely spoken in the world, have become a solid spiritual and moral basis for education, knowledge of the surrounding reality and people, not only for the younger generation of Turkmens, but also for the youth of different nations of the world.

The works of Magtymguly Pyragy express valuable views on the main aspects of the upbringing of the younger generation, which should be taken into account when forming a person’s personality. In the poet’s work, valuable thoughts

about the beneficial effect on relationships between people of sincere, polite, tactful, expressive, appropriate speech when addressing each other found artistic embodiment. The wise poet's humane ideas about education are a spiritual guide for the current young generation of the Turkmen people.

Шемшат Нобатова
(Туркменистан)

ХУДОЖЕСТВЕННОЕ ОТРАЖЕНИЕ В ПОЭЗИИ МАХТУМКУЛИ ФРАГИ ЦЕННОСТИ БЛАГОЖЕЛАТЕЛЬНОГО ОБРАЩЕНИЯ ВО ВЗАИМООТНОШЕНИЯХ ЛЮДЕЙ

Творческий мир мудрого поэта Махтумкули Фраги – неоценимая духовная ценность для воспитания молодого человека. Произведения Махтумкули, переведенные на языки, стали прочной духовно-нравственной основой воспитания, познания окружающей действительности не только для молодого поколения туркмен, но и для молодежи разных народов мира.

В произведениях Махтумкули Фраги выражены ценные взгляды на основные моменты воспитания молодого поколения, которые следует учитывать при формировании личности человека. В его творчестве нашли художественное воплощение ценные мысли о благотворном влиянии на взаимоотношения людей искренней, вежливой, тактичной, выразительной, уместной речи при общении друг с другом. Гуманные идеи мудрого поэта о воспитании являются духовным ориентиром для нынешнего молодого поколения туркменского народа.

Tawus Nurbadowa, Gyrmyzy Maşadowa
(Türkmenistan)

MAGTYMGULYNYŇ ŞYGYRLARYNDA BALYKÇYLYGYŇ BEÝANY

Magtymgulynyň döredijiliginde hünärler barada hem gyzykly maglumatlar berilýär. Balykçylyk, balyk bilen baglanyşykly goşgy setirlerine ser salanymyzda, Etrek, Gürgen sebitlerinde ýaşap geçen akyldarymyzyň döredijilik äleminiň has giň düşünjelere eýedigine göz ýetirmek bolýar. Magtymgulynyň Durdy şahyr bilen "Habar ber şeýledir" aýdyşyk goşgusynda balygyň deňiz-derýalaryň birnäçe ýerinde ýüzýändigini beýan edilýär:

O nämedir, ýedi derýa böwüsýän?

diýen sowala şeýle jogap berilýär:

Ol balykdyr, ýedi derýä böwüsýän
Bizden salam bolsun, jowap şeýledir.

"Söýmek biläni" goşgusynda bolsa

Balykçylar aýdar: "Saldan doýum ýok"

diýen setirleri, balykçynyň durmuşynyň sal bilen aýrylmaz baglanşyklydygyny beýan edýär. Bu ýerde "sal" derýadan geçmek üçin ulanylýan bir-birine baglanan tagta ýa gamyş, taýmyl, gaýyk manysyny berýär.

Akyldar şahyrymyz "Ýanan barmy?" goşgusynda hem biologik jandar bolan balygyň ýaşaýşynyň diňe suwdadygyny aýtmak bilen, her bir adamyň bagtly ýaşaýşynyň edil balygyň suwdaky orny ýaly özüne mynasyp, mahsus bolan durmuşyndadygyny beýan edýär. Şahyryň şygyrlarynda balyk "luw" diýlip hem agzalýar.

Luw, diýgil, umman ýüzer sen,
Deştden goluňy üzer sen,
Barça ablary gezer sen,
Bir eşretli mekan barmy?

Bu goşguda balyklaryň ummanda gezişi ýaly adamlaryň eşretli mekanda ýaşamak üçin müdümilik hereketdedigini nygtalýar.

Dadyma hiç kimse ýetmez, bir ýazykly gul menem,
Suw gadryn balyk biler, gadry bilinmez sil menem.

Şahyr "Aýrylyp" goşgusynda balygy döwlete, suwy bolsa raýatlara deňeýär. Türkmenleriň döwletsizlik döwründe ýaşap geçen şahyr bitewi bir döwletiň ýok ýerinde, jemgyýetde raýatlarynyň hukuklarynyň goralmaýandygyny, adamyň, hatda sil ýaly güçli şahsyýetleriň hem gadyrynyň ýokdugyny göz öňünde tutupdyr. Şeýle hem şahyr kä bir aýralyk ajysynyň balygyň suwsuzlygy deýin agyrdygyny deňeşdirýär. Bir bitewi Türkmen döwletiniň berkarar bolmagy baradaky pelsepewi garaýyşlary akyldaryň döredijiliginde ähmiýetli orna eýedir.

Guş-gumursy idäp dagdan geçdiler,
Balyklar ýol diýip suwun içdiler,
Gelin-gyzlar gyrmyz donlar biçdiler,
Kamysdan lybaslar hem don, Çowdur han.

Türkmenleriň erkana, asuda ýaşamagy ugrunda alada eden Çowdur han ýaly şahsyetleriň bitirjek işine şahyr ynanypdyr. Döwletaly ýaly gerçekleriň üsti bilen edermen, watançy goç ýigidiň gaýratynyň güýçlidigini tebigatyň beýiklikleri bilen deňeşdiripdir.

Gämige labyrdyr, derýa näheňdir,
Her ýan barsa özi Döwletalynyň.

Labyr – gämini, bir ýerde saklamak üçin niýetlenen agyr demir enjam. Labyr gämä zynjyr bilen berkidilýär. Labyr goýberilende onuň dişleri suwuň düýbüne çümüp, gämini bir ýerde saklaýar. Umman ýaly durmuşda ýüzýän gämini jemgyýet hökmünde suratlandyryp, gämini labyr ýaly bir ýerde saklaýan Döwletaly ýaly şahsyýetleriň jemgyýeti durnukly dolandyryp biljekdigi beýan edilýär. Şahyryň "Çowdur han", "Döwletalynyň" ýaly goşgularynda XVIII asyrda bolup geçen taryhy, syýasy wakalary öz beýanyny tapýar.

Tavus Nurbadova, Gyrmyzy Mashadova
(Turkmenistan)

ART OF FISHING IN POETRY

Magtymguly's works contain interesting information about the ancient art of fishing. The Turkmens have been occupied in this activity since ancient times. Many subtle secrets of this art found vivid artistic embodiment in a number of the classic's poetical works.

Тавус Нурбадова, Гырмызы Машадова
(Туркменистан)

ИСКУССТВО РЫБОЛОВСТВА В ПОЭЗИИ МАХТУМКУЛИ

В произведениях Махтумкули содержатся интересные сведения о древнем искусстве рыболовства. Этим промыслом туркмены занимались издревле. Множество тонких секретов этого искусства нашли яркое художественное воплощение в целом ряде поэтических творений классика.

Maýagül Nurmyradowa
(Türkmenistan)

GORKUT ATA WE MAGTYMGULY: YLMY DEŇEŞDIRMELER

Gündogaryň beýik akyldary we söz ussady Magtymguly Pyragy türkmen nusgawy edebiýatyň taryhynda eserlerini halk durmuşyna ýakynlaşdyryp, ony halkyň hyzmatynda goýan gumanist şahyrdyr. Magtymgulynyň edebi mirasynda

türkmen halkynyň durmuşy, däp-dessurlary, ýaşaýyş aýratynlyklary, milli aň-düşünjesi, häsiýeti aýdyň beýan edilýär.

Umumadamzat ähmiýetli ahlak ýörelgelerini ösdümekde Magtymguly üçin halk döredijilik eserleriniň nusga bolandygyny ylmy barlaglar ýüze çykarýar.

Şeýle eserleriň hatarynda döreýiş taryhy VI–VII asyrlar bilen senelenýän "Gorkut ata" şadessanyny mysal getirmek bolar. Oguz ýaşaýyş durmuşyndan söhbet açýan bu eserdäki ündelýän pikirleri Magtymguly öz döredijiliginde täze rüşde işläp, halka ýakyn dilde ösdüripdir.

Gorkut ata: "Gara güýje gyýmasaň, ýol alynmaz. Gara polat, uz gylyjy çalmasaň, duşman dolanmaz. Malyna gözi gyýmadyk adamyň ady çykmaz. Gyz eneden görelde almasa, öwüt almaz. Ogul atadan görelde almasa, saçak ýazmaz. Ogul atasynyň iki gözüniň biridir. Ogul döwletli çyksa, ojagyň közüdir. Ataň ölüp, mal galmasa, ogul nätsin! Başda döwlet bolmasa, ata malyndan ne peýda. Sizi bidöwletiň şerinden alla saklasyn" diýip, mähriban iline nesihat edýär.

"Magtymgulynyň ýagty keşbi mertligi, batyrlygy, Watany wasp eden hyjuwly şahyr şekilinde, başarjaň terbiýeçi, wagyz-nesihatçy hökmünde belent dikelip durýar. Munuň özi beýik klassygymyzyň türkmen halkynyň öňünde bitiren işiniň çäksizdigini görkezýär". Şahyryň bu ugurda döreden goşgularynda liriki gahryman anyk pikiri öňe sürýär: "Tapmas men", "Gymmat ýagşydyr", "Gidiji bolma", "Ýykmaýan ärden", "Başy gerekdir", "Gul bolgul", "Ýar gerekdir", "Iliňni", "Amana geler", "Il ýagşy", "Oturyp-turuşyn görüň", "Ýat bolar".

Pähimdar Gorkut ata öňdengörüjilik, welilik häsiýeti mahsus. Gündogaryň beýik danasy Alyşir Nowaýy: "Gorkut atanyň türk ulusy arasynda şöhraty artykdyr, şöhrata mynasypdyr hem. Sebäbi özünden näçe ýüz ýyl öň bolan, näçe ýüz ýyl soň boljak zatlary bilipdir. Köp-köp pähim-paýhasly öwüt-nesihatlary bardyr" - diýip, onuň weliligini – öňdengörüjiligini tekrarlaýar.

Magtymgulyda hem şeýle häsiýetler jemlenipdir.

Sözi agzyma Hak salar,
Bir nepes aýdanym bolar.

Gorkut ata boýlarynyň iň ahyrky pursatlary gelende, adamlaryň dünýäniň panylygyna ruhdan düşmän, gaýta olarda ýaşaýşa bolan hyjuwy oýarmaga çalyşýar: "Ýom bereýin, hanym: garly daglaryň ýykylmasyn, kölegelije agajyň kesilmesin, akgynly suwuň guramasyn. Taňry seni namarda mätäç etmesin. Çapanda gyratyň büdremesin. Çalşaňda, uz gylyjyň gädilmesin. Ak alnyňda bäş keleme doga kyldyk, kabul bolsun!".

Şeýle pikirler Magtymgulyda-da bar. Şahyryň liriki gahrymany "mala magrur bolup, mähnete bakman", "gedem-gedem" ätmän, "göçüp-gonup barýan ömür kerwenine nazar etse", onda ýaşaýşa bolan hyjuw artjak, ynsan ýagşy işleri köp etmäge howlukjak diýen pikirde.

Oýgan, Magtymguly, gaflatda ýatma,
Mala magrur olup, mähnete batma,
Öter dünýä üçin ömrüňi satma,
Bu nogsanyň düýbi görnüp durypdyr.

Magtymgulynyň syýasy-jemgyýetçilik garaýyşlarynyň örüsiniň giňemeginde halk paýhasynyň dürdänesi "Gorkut ata" şadesanynyň ähmiýeti uludyr. Beýik söz ussady şadessanda gozgalýan, öňe sürülýän pikiri ösdürip, nusgawy edebiýaty-myzyň ösmegine, kämilleşmegine uly itergi beripdir.

Mayagul Nurmyradova
(Turkmenistan)

GORKUT ATA AND MAGTYMGULY: SCIENTIFIC COMPARISONS

Based on scientific comparisons, the influence of folk art, in particular the epic "Gorkut Ata" on the works of Magtymguly Pyragy is revealed. Scientific research clearly shows that the works of folk art have become a model for Magtymguly in the development of universal moral principles.

The epic "Gorkut ata", which is a pearl of folk wisdom, played a huge role in the expansion of Magtymguly's socio–political views. The great master of the word, developing the ideas put forward in the epic, contributed to the development and improvement of classical literature.

Маягуль Нурмурадова
(Туркменистан)

ГОРКУТ АТА И МАХТУМКУЛИ: НАУЧНЫЕ ПАРАЛЛЕЛИ

На основе научных сопоставлений раскрывается влияние народного творчества, в частности эпоса "Горкут ата", на произведения Махтумкули Фраги. Научные исследования показывают, что произведения народного творчества стали образцом для Махтумкули в развитии общечеловеческих нравственных устоев.

В расширении общественно-политических взглядов Махтумкули огромную роль сыграл эпос "Горкут ата", являющийся жемчужиной народной мудрости. Великий мастер слова, развивая идеи, выдвигаемые в эпосе, способствовал развитию и совершенствованию классической литературы.

Gurbanjemal Nuryýewa
(Türkmenistan)

GÜNDOGARYŇ WATANSÖÝÜJI ŞAHYRY MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ DÖREDIJILIK MIRASY TÜRKMEN HALKYNYŇ WE DÜNÝÄ MEDENIÝETINIŇ RUHY GYMMATLYGYDYR

Gündogaryň meşhur nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň watansöýüjilik häsiýetli şygyrlary ösüp gelýän nesliň jemgyýete peýdaly watançy ýaşlar bolup ýetişmeklerinde we olarda Watana söýgini ösdürmekde ygtybarly edep-terbiýe çeşmedir we ruhy gymmatlykdyr.

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow "Ýaşlar – Watanyň daýanjy" atly kitabynda belleýşi ýaly, Gündogaryň beýik akyldary, türkmeniň beýik şahyry we filosofy Magtymguly Pyragynyň eserleri ähli döwürler üçin bahasyna ýetip bolmajak ruhy gymmatlykdyr. Onuň watançylyk, ynsanperwerlik, il-halka wepalylyk, halallyk, belent adamkärçilik düşünjelerine ýugrulan eserleri ideýa-mazmun taýdan güýçli bolmak bilen, ýokary terbiýeleýjilik ähmiýete eýedir. Meşhur şahyr Magtymguly Pyragynynyň döredijiligini öwrenen A.Wamberi, W. W. Bartold, Ýe.E. Bertels, A.E. Krymskiý ýaly dünýäniň beýik alymlary oňa uly baha beripdirler. Şahyr goşgularynda ata Watanyny goramakda şirin janyňy gaýgyrmazlygy, jemgyýete peýda getirmegi maslahat berip, watançylyk baradaky pikirlerini aýdypdyr. Şahyr şygyrlarynda watançy ýigide mahsus häsiýetleri çeperçilik bilen bilen beýan edipdir:

"Bilim hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna (rejelenen görnüş) laýyklykda, ýaşlary ruhy-ahlak, raýat-watançylyk, harby-watançylyk, durmuş, medeni-taryhy, sagdyn durmuş ýörelgesi terbiýesini bermekde Magtymguly şahyryň döredijiligi, esasanam, watançylyk bilen baglanyşykly goşgulary kämil terbiýeçilik mekdebidir.

Gurbanjemal Nuryyeva
(Turkmenistan)

CREATIVE HERITAGE OF THE PATRIOT POET OF THE EAST MAGTYMGULY PYRAGY IS THE SPIRITUAL VALUE OF THE TURKMEN PEOPLE AND WORLD CULTURE

The patriotic poems of Magtymguly Pyragy, the famous classical poet of the East, are a reliable source of morality and spiritual values for the younger generation, allowing them to become loyal youth to society and instill in them a love for the Motherland.

Magtymguly's creativity is the heritage of all humanity. He was highly valued by such great scientists of the world as A. Vambery, V.V. Bartold, E.E. Bertels, A.E. Krymskiy.

In the lines of his poems, the poet expresses that there are no places in the world more desirable than his native land.

In his poems, Magtymguly expressed his thoughts about patriotism, advising people to devote their life for the sake of Motherland and benefit the society. In his poems, the poet artistically expressed the features of a patriotic young man.

In accordance with the Law of Turkmenistan "On Education" (new edition), the work of the poet Magtymguly, especially his poems related to patriotism, is an exemplary school for educating young people in spiritual, moral, civil-patriotic, military-patriotic, social, cultural-historical education and healthy lifestyle.

Курбанджемал Нурыева
(Туркменистан)

ТВОРЧЕСКОЕ НАСЛЕДИЕ – ПОЭТА ПАТРИОТА МАХТУМКУЛИ ФРАГИ – ДУХОВНОЕ ДОСТОЯНИЕ ТУРКМЕНСКОГО НАРОДА И МИРОВОЙ КУЛЬТУРЫ

Патриотические стихи Махтумкули Фраги, известного поэта-классика Востока, являются надежным источником нравственности и духовных ценностей для подрастающего поколения.

Творчество Махтумкули является достоянием всего человечества. Его творчество высоко ценили такие избестные учёные как А. Вамбери, В. В. Бартольд, Е. Э. Бертельс, А. Э. Крымский.

В строках своих стихотворениях поэт выражает мысль о том, что нет в мире места, желаннее родного края.

Махтумкули выражал свои мысли о патриотизме, советуя не жалеть даже собственной жизни для защиты Родины. В своих стихах поэт художественно выразил черты патриотического юноши.

Творчество Махтумкули, особенно его стихи, связанные с идеями патриотизма, является прекрасной образовательной школой для воспитания молодежи в духовно-нравственном, гражданско-патриотическом, военно-патриотическом, социальном, культурно-историческом планах.

Ogulsapar Nuryýewa
(Türkmenistan)

MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ ŞYGYRLARYNYŇ DILINDE "ÝELDA" WE "ÝELMEK" SÖZLERINIŇ MANYLARY HAKYNDA

Magtymgulynyň şygyrlarynyň dili beýleki nusgawy eserleriň dilinden özüniň özboluşlylygy bilen tapawutlanýar. Munuň sebäbi Magtymguly nusgawy edebiýatyň dili bilen halky dili utgaşdyryp şygyr döredipdir. Onuň şygyrlarynyň sözlük düzümi örän baýdyr. Şahyryň dürdäne setirlerinde ulanylan sözler şol döwürdäki dil kadalarynyň ulanylyş aýratynlyklaryny yzarlamaga mümkinçilik berýär. Magtymgulynyň şygyrlarynda ulanylan her bir sözüň özüne mahsus bolan many öwüşgini bar. Meselem, şahyryň şygyrlarynda "*ýelda*" we "*ýelmek*" sözleri duş gelýär.

Özi gaýyp, zülpleri *ýeldaýa* aşyk bolmuşam,
Menzilim bag içredir, sähraýa aşyk bolmuşam ("Aşyk bolmuşam")
Dünýä görmeý, tutgun galsaň bir künçde,
Bady-paý dek ýer ýüzüne *ýeldim* tut ("Ýeldim tut").

Magtymgulynyň şygyrlarynda ulanylan "ýelda" we "ýelmek" sözleri göräýmäge bir kökden emele gelen ýaly. Emma bu beýle däldir. "Ýelda" sözüniň A. Meredowyň we S. Ahallynyň "Türkmen klassyky edebiýatyň sözlüginde" pars sözüdigi, onuň ýylyň iň uzak we garaňky gijesini (22-nji dekabr) aňladýandygy barada aýdylýar.

Şahyryň ýokarda getirilen şygyr setirinde "*ýelda"* sözi göçme manydadyr. Ýagny, şahyr çeper metaforanyň üsti bilen Hudaýy owadanlygyň nusgasy hökmünde gyz-gelinleriňki ýaly gül ýüzli, gara saçly keşpde görkezýär. Bu bolsa Magtymgulynyň öz goşgy setirlerinde çeperçilik serişdelerini we çeper dili ussatlyk bilen ýerlikli ulanandygyny subut edýär.

Başda mysal getirilişi ýaly, *ýelmek* sözi şahyryň "Ýeldim tut" goşgusynda jaýdar ulanylypdyr.

Bu söz *ylgamaklygy, ygyp ýörmekligi, entemekligi* aňladýar. *Ýelmek* sözüniň asly *ýel* sözünden bolup -*mek* işligiň nämälim şekiliniň goşulmasydyr. Bu ýerde *ýelmek* sözüniň manysy "*ýel ýaly çakgan bolmak, ýüwürmek, ylgamak*" ýaly manylar bilen gabat gelýär.

Ýel sözi türki dilleriň aglabasynda dürli fonetik görnüşde ulanylýar. Bu bolsa *ýel* sözüniň türki sözdügini aýan edýär.

Alym K.M. Musaýew *ýel* kökünden emele gelen *ýelpemek* manysyndaky *ýelpir* sözüniň Mahmyt Kaşgarlynyň "Diwany-lugat et-türk" sözlüginde ulanylýandygyny, Ýusup Has-Hajybyň "Kutadgu biliginde" bolsa, "*ýelgür"*

sözüniň berlip, onuň *ylgamak, uçmak*, umuman, *çalt hereket etmek* bilen bagly manylarynyň bardygyny belleýär.

"Türkmen diliniň sözlüginde" düzüminde *ýel* sözi bolan *ýelaýak* (ýel+aýak) goşma sözi sypat hökmünde getirilip, onuň *ýyndam, ýüwrük, çapgyr* manylarda ulanylýandygy hasaba alnypdyr.

Şu delillere görä, Magtymgulynyň şygyr setirlerinde ulanylan *ýelmek* (ylgamak) sözüniň aslynyň *ýel*, ýagny *şemaly* aňladýan sözdendigini we bu sözüň ýel kimin çalt ylgamagy aňladýandygyny aýtmak bolar. Bu başdaky *ýelda* we *ýelmek* sözleriniň kökdeş sözler däldigi, olaryň manylarynyň aýrydygy baradaky pikiri tassyklaýar.

Ogulsapar Nuryyeva
(Turkmenistan)

ABOUT THE MEANINGS OF THE WORDS "ÝELDA" AND "ÝELMEK" FOUND IN THE POEMS OF MAGTYMGULY PYRAGY

Lexical units used in the poems by Magtymguly Pyragy have their own characteristic semantic shades.

In his poems, the poet used the words "ýelda" and "ýelmek". At first glance, one might conclude that these words are from the same root. But actually, it is not so. The word *ýelda* is borrowed from Farsi. It means the longest and darkest night of the year (December 22).

The word *ýelmek* 'to run', found in the poetic lines of Magtymguly, is formed from the root *ýel* 'wind' and the affix of the indefinite form of the verb *-mek*. This word has such meanings as 'to run, to stagger, to wander. These properties are characteristic of the dynamics of wind and, in this case, the meaning of the word *ýelmek* can be understood as *to run like a wind*.

Огулсапар Нурыева
(Туркменистан)

О ЗНАЧЕНИИ СЛОВ "ЕЛДА" И "ЕЛМЕК", ВСТРЕЧАЮЩИХСЯ В СТИХОТВОРЕНИЯХ МАХТУМКУЛИ ФРАГИ

Лексические единицы, употребленные в стихотворениях Махтумкули Фраги, имеют свои характерные смысловые оттенки.

В своих стихах поэт использовал слова "елда" и "елмек". На первый взгляд можно прийти к выводу, что эти слова принадлежат одному и тому

же корню. Одннако это не так. Слово “*елда*” заимствовано из фарси. Оно означает *самую длинную и темную ночь года* (22-ое декабря).

Слово “*елмек*” (“*бегать*”), встречающееся у Махтумкули, образовано от корня *ел* (‘ветер’) и аффикса неопределенной формы глагола *-мек*. Это слово имеет такие значения, как “*бегать*”, “*шататься*”, “*скитаться*”. Эти свойства характерны динамике ветра и в данном случае значение слова “*елмек*” можно понимать, как *бегать быстро, словно ветер*.

Leýla Omirowa
(Türkmenistan)

MAGTYMGULYŞYNASLYK YLMYNYŇ DÜNÝÄ DEREJESINE ÇYKMAGYNYŇ ESASY AÝRATYNLYKLARY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tutanýerli alyp barýan il-ýurt bähbitli syýasatynyň bir ugry ata-babalarymyzdan miras galan gymmatlyklarymyzy ylmy esasda öwrenmek bilen baglanyşyklydyr. Akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň döredijiligini öwrenmeklik ugrunda alnyp barylýan işler hem munuň aýdyň subutnamasydyr. Gahryman Arkadagymyz: “Türkmen halky geçmişde il-ýurt ykbaly bilen bagly meseleleri maslahatlaşyp, geňeşip, ýedi ölçäp, bir kesip çözüpdir. Şonda milletiň pähim-parasada ýugrulan danalarynyň pikir ummanyna daýanylypdyr. Şeýle akyldarlaryň biri-de, türkmeniň beýik şahyry Magtymguly Pyragydyr. Biziň halkymyz onuň berkarar döwlet baradaky pikirlerine uýup, millet hökmünde özüniň bir bitewüligini saklap galmagy başarypdyr” diýip, geçmiş mirasymyzy öwrenmekde, ýaş nesli terbiýelemekde, häzirki zaman türkmen edebiýaty öwreniş ylmynyň, milli pelsepäniň many-mazmunynyň çuňlaşmagyna ägirt uly goşant goşan nusgawy şahyryň döredijiligine beýik baha berýär.

Magtymguly akyldaryň 300 ýyllyk toýuna türkmen alymlary bilen birlikde daşary ýurtly alymlar hem uly taýýarlyk görýär. Akyldar Magtymgulynyň döredijiligini öwrenmeklige ilkinji bolup girişenleriň biri daşary ýurtly alym Ý. Bertelsdir. Onuň “Çeper döredijilik hakynda Magtymgulynyň pikirleri” atly ylmy makalasy şahyryň döredijiliginiň köptaraply meselelerini öz içine alýar. Alym: “…ol (Magtymguly – L.Ö.) öz goşgularynyň bir ýa-da başga setirlerini owadan obraz üçin, gelşikli kapyýa üçin ýazandyr diýip pikir etmek bolmaz. Şu zatlaryň hemmesini nazara alyp, onuň döredijiligini örän dykgat bilen öwrenmek,

her bir sözüni saldarlap görmek we şol sözüň hakyky manysyna göz ýetirmäge jan etmek bilen öwrenmek gerek” diýip, dana şahyryň döredijiligine jogapkärçilikli çemeleşmäniň örän wajypdygyny belleýär. Muňa häzirki wagtda şahyryň döredijiligine degişli dünýä ýurtlaryndan sowgat hökmünde gelýän terjimeleri, ylmy işleri, kitaplary buýsanç bilen aýdyp bileris. Alymlarymyzyň daşary ýurtlarda saparda bolup, Magtymguly Pyragynyň entek ylma belli bolmadyk golýazmalaryny tapmaklary, halklaryň arasyndaky dostlukly gatnaşyklaryň dünýä ylmynyň ösmegine, adamzadyň barha kämilleşmegine uly itergi berýändigini görkezýär.

XIX asyrdan öz başlangyjyny alyp gaýdýan magtymgulyşynaslyk ylmy häzirki döwürde-de ähmiýetini ýitirmedi. Pikirimizi Magtymguly Pyragynyň döredijiligine bolan gyzyklanmanyň ýyl geçdigiçe artýandygy bilen berkitmek bolar we esasy sebäplerini tassyklaýan birnäçe delilleri mysal hökmünde aýdyp bileris:

Birinjiden, islendik bir şahsyýetiň ömri we döredijiligine bolan ylmy, edebi gyzyklanmanyň artmagynyň aňyrsynda güýçli we ynsanyýet üçin ähmiýetli meseleleri özünde jemleýän hakykat bolmaly. Magtymguly Pyragynyň üç asyryň synagyndan geçen döredijiligi bu hakykaty subut edýär.

Ikinjiden, attarşynaslyk, fizulyşynaslyk, nowaýyşynaslyk... ylymlarynyň döremek ähmiýetiniň bolşy ýaly, magtymgulyşynaslyk ylmynyň-da döremek ähmiýeti ýüze çykdy. Çünki, ýokarda agzalan ägirtleri öwrenýän alymlaryň, döredijilik işgärleriniň sany juda köp bolup, ol ýöne edebiýaty öwreniş ylmynyň çäginde dagynyk ýagdaýda bolman, aýratyn bir ugruň döremegini talap etdi.

Üçünjiden, Magtymguly Pyragynyň doglan gününe bagyşlanylyp yzygiderli geçirilýän ýubileýler, halkara ylmy maslahatlar magtymgulyşynaslyk ylmynyň ýaýrawynyň dünýä derejesine çykmagyna getirdi.

Şahyryň ömür menzili älem-jahan yklymyndaky ynsanlary özüne bendi edýär. Şeýle edebi hem-de ylmy nukdaýnazar bilen çemeleşilende, şahyr hakykatdan-da üns merkezine alynmaga, türkmen we dünýä edebiýaty öwreniş ylmynda öwrenilmäge mynasyp. Munuň şeýledigini bolsa şahyryň eserlerinden gowy düşündirip biljek hiç bir zat ýok. Şonuň üçin-de, Magtymguly Pyragyny okap, Älemiň bitewüligine göz ýetirmek çetin däl. Çünki, Magtymguly umumadamzat ideýalarynyň dür-merjenini şygryýet hazynasyna monjuk edip düzen, tebigatyň döreden gaýtalanmaz akyldary.

Leyla Omirova
(Turkmenistan)

BASIC PECULIARITIES OF SPREADING MAGTYMGULY STUDIES IN THE WORLD

Along with Turkmen scientists, foreign scientists are also preparing for the 300th anniversary of the birth of thinker Magtymguly. We can proudly say that currently translations, scientific works and books related to the poet's creative activity come to us as gifts from around the world. The fact that our scientists, when visiting foreign countries, find manuscripts of Magtymguly Pyragy not yet known to science, shows that friendly relations between peoples give a considerable incentive to the development of world science and the further improvement of humanity. The poet's life and creative path captivate people from all over the world. If approached from such a literary and scientific point of view, the poet really deserves focus and thorough research in Turkmen and world literary studies. There is nothing that could explain this better than the poet's works. Therefore, reading Magtymguly Pyragy, it is not difficult to be convinced of the integrity of the Universe. Ultimately, Magtymguly was a unique thinker who had a natural gift for stringing pearls of universal human ideas onto a thread of the poetic treasury.

Лейла Омирова
(Туркменистан)

ОСНОВНЫЕ ОСОБЕННОСТИ ВЫХОДА НАУКИ ПО ИЗУЧЕНИЮ МАХТУМКУЛИ НА МИРОВОЙ УРОВЕНЬ

Наряду с туркменскими учёными к 300-летнему юбилею мыслителя готовятся и зарубежные учёные. Мы можем с гордостью сказать, что в настоящее время переводы, научные труды и книги, связанные с творчеством поэта, поступают к нам в качестве подарка из разных стран мира. Тот факт, что наши ученые, посещая зарубежные страны, находят рукописи Махтумкули еще не известные науке, показывает, что дружественные отношения между народами служат огромным стимулом для развития мировой. Жизненный и творческий путь поэта пленяет людей всего мира. Если подходить с такой литературной и научной точки зрения, поэт действительно заслуживает сосредоточения внимания на его творчестве и тщательного изучения в туркменском и

мировом литературоведении. Поэтому, читая Махтумкули Фраги, нетрудно убедиться в единстве Вселенной. В конечном счете, Махтумкули был неповторимым мыслителем, обладавшим природным даром, нанизавшим жемчужины общечеловеческих идей на нитку сокровищницы поэзии.

Ata Orazmämmedow, Abdy Abdyýew
(Türkmenistan)

BILIM ULGAMYNDA RUHY-AHLAK GYMMATLYKLARYŇ ORNY

G. Berdimuhamedow

Geljekde biz öz ýaşlarymyzy nähili keşpde, orunda, mertebede görmek isleýän bolsak, olara şu wagtdan şol terbiýäni bermegimiz gerek.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Arkadagly Serdarymyzyň hem-de Gahryman Arkadagymyzyň öňdengörüjilikli we parasatly baştutanlygynda ruhy ahlak kadalarynyň türkmen jemgyýetinde döwrebap özleşdirilmegine we giňden wagyz edilmegine döwlet syýasatynda aýratyn orun hem-de ähmiýet berilýär. Çünki ruhy – ahlak gymmatlyklaryna aýratyn üns bermegi hem tötänlik däldir. “Nesil kämilligi jemgyýetiň kämilligine, jemgyýetiň kämilligi bolsa döwletiň berkararlygyna eltýär”. Sebäbi türkmeni millet hökmünde beýiklige galdyrýan bu gymmatlygy özgerip duran häzirkizaman dünýäsinde, döwrüň talabyna görä kämilleşdirmek wajyp meseleleriň biridir.

Ruhy kämillik we ahlaklylyk şahsyýetiň iň möhüm, esasy aýratynlyklarydyr. Ruhy kämillik, şahsyýetiň saýlanan maksatlara bolan islegi, aňyň häsiýeti hökmünde kesgitlenýär. Ahlaklylyk adamyň birek-birege we jemgyýete bolan gatnaşygynyň umumy ýörelgeleriniň toplumydyr. Olar bilelikde jemlenip, şahsyýetiň esasyny düzýärler, bu ýerde ruh – onuň hereketiň wektorydyr (öz-özüňi terbiýelemek, öz-özüňi bilim almagyň, öz-özüňi ösdürmek), bu bolsa ahlagyň esasydyr.

Ruhy we ahlak terbiýesi ýaşlaryň “kalbyny beýgeltmäge” ruhy durmuşyň merkezi hökmünde gönükdirilendir. Ol olaryň içki dünýäsiniň ulgamyny emele getirýän, şahsyýetiň ruhy we ahlak sferasyna mugallym tarapyndan hem daşky, hem-de içki (duýgulaýyn-ýürekden) täsir etmeginiň guramaçylyk, maksady taýdan ugrukdyrylan prosesidir. Bu täsir çylşyrymly, şahsyýetiň duýgulary, islegleri we pikirleri bilen baglanyşyklydyr. Ol bilimiň mazmunyna ornaşdyrylan we mugallymyň belli bir wezipesi bilen täzelenýän belli bir baha ulgamyna esaslanýar.

Ahlak terbiýesi dürli ugurlarda anyk kesgitlenen ahlak kadalaryny (kanunalaýyk ýaşamak, adalatlylyk, ynsanperwerlik we beýleki kadalary) bir ýere jemlenmegi maksadalaýyk bolup durýar. Bilim hem öz gezeginde ruhy we ahlak gymmatlyklarynyň nesilden-nesle geçmeginde möhüm rol oýnaýar. Talyplara dürli medeniýetlere we däp-dessurlara düşünmegi we hormat goýmagy ösdürmäge kömek edýär, şeýle hem, milletara aragatnaşygyny we emosional öz-özüňi dolandyrmak endiklerini ösdürýär.

Ýaşlary ruhy-ahlaky terbiýelemegiň we ösdürmegiň maksady – jemgyýetde kabul edilen umumadamzat ruhy-ahlak gymmatlyklara laýyklykda adamlar bilen baglanyşykly şahsy medeniýetiň esaslaryny ösdürmekdir. Ruhy – ahlak taýdan ösüş – ösüp gelýän ýaş nesillerde ahlak aňynyň, ahlak häsiýetiniň we ahlak duýgularynyň kemala gelmegine maksatly we yzygiderli täsir etmekdir.

Şahsyýetiň ruhy we ahlak terbiýesi şu aşakdaky ýörelgeleri:

ahlak duýgulary – wyždan, borç, iman, jogapkärçilik, raýatlyk, watançylyk;

ahlak häsiýeti – sabyr, rehimdarlyk, ýumşaklyk, hoşniýetlilik;

ahlak ýagdaýy – ýagşy bilen ýamany tapawutlandyrmak ukyby, yhlasly söýginiň ýüze çykmagy, durmuş synaglaryny ýeňip geçmäge taýynlyk;

ahlakly hereketi – adamlara we Watana hyzmat etmäge taýynlygy, ruhy paýhaslyly, boýun bolmagyň, ýagşy niýetiň ýüze çykmagyny kemala getirmeklige gönükdirilýär.

Diýmek, ruhy – ahlak gymmatlyklary örän giň düşünjelerdir. Olar ynsan häsiýetlerindäki, adamlaryň özara gatnaşyklaryndaky ähli düzgün-tertibi, edepliligi, medeniýetliligi öz içine alýar. Edim-gylymdan edebe, düşünjeden dessura öwrülip galan oňyn häsiýetler, hoşniýetli hereketler elmydama eý görülýär. Ol işleriň ilerlemegine itergi berýän ilkinji sebäplerdir. Ruhy – ahlak gymmatlyklary bahasyna ýetip bolmajak hazyna. Ýitirseň, öwezini hiç bir baýlyk bilen ödäp bolmaýan uly ýitgi. Ol her bir adama, her bir maşgala we her bir halka müňýyllyklara uzaýan ömri hem-de abraýy bagyş edip bilýän gudrat. Türkmeniň owal-ahyrda beýik millet bolup galmagynda onuň ruhy – ahlak gymmatlyklaryna uly sarpa goýýan halkdygy öz-özünden düşnüklidir.

Ata Orazmammedov, Abdy Abdyyev
(Turkmenistan)

THE ROLE OF SPIRITUAL AND MORAL VALUES IN EDUCATION

The article is devoted to the analysis and development of the system of education and upbringing, in particular the peculiarities of the process of reflection

of spiritual and moral values in the general educational process at a given time. Education is the main social institution, it is also the leading mechanism for the transfer of knowledge and experience from generation to generation. Increasing the importance of accumulation and assimilation of students, successful socialization and successful life activity of each person in society.

Ата Оразмаммедов, Абды Абдыев
(Туркменистан)

РОЛЬ ДУХОВНО-НРАВСТВЕННЫХ ЦЕННОСТЕЙ В СИСТЕМЕ ОБРАЗОВАНИЯ

Статья посвящена анализу и развитию системы образования и воспитания, в частности особенностям процесса рефлексии духовно-нравственных ценностей в общеобразовательном процессе в данное время. Образование – это главнейший общественный институт, оно же ведущий механизм передачи знаний и опыта из поколения в поколение.

Maral Orazmyradowa, Bagtygül Hanjaýewa
(Türkmenistan)

ÝAGŞY SÖZE GULAK GOÝ...

Halkymyzyň asyrlarboýy kämilleşen medeniýetini, dilini, edebiýatyny, sungatyny, taryhyny we gadymy milli mirasyny düýpli öwrenmek, dikeltmek, wagyz etmek, dünýä ýaýmak bilen baglanyşykly işler häzirki günde halkara derejesinde alnyp barylýar. Türkmenistanyň Gahrymany, halkymyzyň guwanjy we buýsanjy Milli Liderimiz we Arkadagly Serdarly Gahryman Prezidentimiz milli mirasy toplamak we ylmy esasda öwrenmek işine aýratyn üns berip, ony möhüm döwlet syýasaty hökmünde kesgitledi. 2024-nji ýylda akyldar şahyrymyzyň 300 ýyllyk toý-dabarasynyň halkara derejesinde bellenmek baradaky Karar munuň aýdyň mysalydyr.

Her bir halkyň özüniň milli ruhly döredijilik zehininiň boluşy ýaly, türkmenleriň hem beýik Magtymguly Pyragysy bar. Parasatly halkymyz ony akyl-paýhasyň jemlenen mirasy hasaplapdyr, şonuň üçin hem Magtymguly Pyragynyň diwanyna guba düýesini bagyş eden ata-babalarymyz onuň gadryny bilipdirler. Magtymgulynyň watançylyk, ahlak päkligi, söýgi, mertlik, gahrymanlyk ýurdy özbaşdak edara etmek, agzybirlik, myhmanparazlyk, zenan mertebesi, zähmetsöýerligi, salyhatlylygy, edepliligi we gaýry meselelere degişli aýdan

pikirleri biziň günlerimize täze şöhle bilen şugla saçýar. Hut şu sebäbe görä-de, ähli kişi şol şygyrlary nakyllardyr, atalar sözleri hökmünde kalplara nagyşlap, dilleriniň dessanyna öwürýärler Magtymguly Pyragy diňe bir türkmen halkynyň şahyry bolmak bilen çäklenmän, eýsem ähli halklaryň hem-de ähli döwürleriň şahyry hökmünde ykrar edilen beýik söz ussadydyr. Beýik akyldar şahyr Magtymgulynyň poeziýasy umman mysalydyr. Magtymgulynyň şygyr setirlerine siňen ynsanperwer garaýyşlary XVIII–XIX asyrda diňe bir öz halkymyzyň däl, eýsem Gündogaryň beýleki halklarynyň durmuşyna hem oňyn täsirini ýetiripdir. Magtymgulynyň ynsanperwer garaýşy öz halkyna bolan çäksiz söýgüsiniň ýsti bilen ýüze çykýar. Ol adamzadyň kämillige tarap ymtylyş pelsepesini beýan edýär. Beýik şahyr öz goşgularynyň birinde:

"Magtymguly, syrym çohdur,
Men neýläýin, açan ýokdur" diýip ýazýar.

Akyldar şahyr Magtymguly Pyragy söz terbiýesi hakynda soňsuz baý edebi miras galdyrandyr. Olarda hoşsözli, dogry sözli, ýerini bilip sözlemek, sözüňde durmak ýaly söz terbiýesine degişli gymmatly pikirler bar. Şahyr "Delalat ýagşy" atly goşgusyny: "Asla adamzada ajy söz urmaň" diýip başlamak bilen, hiç bir ynsana ynjydyjy sözleri aýtmazlygy öwüt berse, yene-de şol goşgusynda "Bir gamly göreňde şirin söz bergil" diýip, dertli adama hoş-ýagşy sözleri aýdyp, onuň gönüni awlamaklygy maslahat berýär. Hoş söz baradaky garaýyşlar şahyryň gyzyldan gymmatly döredijiliginde uly orun eýeleýär. Ol ynsanlaryň hemişe bire-birege ýagşylyk etmeklerini, alkyş almaklaryny isläpdir. Şeýle oýlanmalar şahyryň " Zor bolar", "Ahyrzamana", "Döke başlady", "Joş olmasyn", "Gidiji bolma" ýaly şygyrlarynda öz aýdyň beýanyny tapýar. Şahyr goşgy setirlerinde uly bolsun, kiçi bolsun, islendik adamlaryň ýagşy sözlerden hoş bolýandygyny nygtaýar. Yagşy sözli bolup, ýagşylardan alkyş almagy öwüt berýär.

Magtymguly Pyragynyň pähimlere ýugrulan "Gidiji bolma" we beýleki goşgulary kämil şahsyýeti kemala getirmekde gymmaty egsilmejek hazynadyr. Şahyryň baý we täsirli duýgulary dürli-dürli öwüşgünli. Onuň şygyrlarynyň her bir setirinde ýürek duýgurlygy we paýhas çuňlugy bilen dünýä akyl ýetirmegiň özboluşly şekilini görmek bolýar. Şahyr öz döwrüniň möhüm meselelerinin ählisini ideýa-çeperçilik taýdan ýokary derejede işleýär. Onuň şeýle akyl–parasady umumy adamzat bähbidini goraýan pikirlere ýugrulandyr, halkyň ykbaly bilen baglanşykly çeper miras halkyň synagyndan geçe-çeçe biziň günlerimize gelip ýetipdir.

Beýik şahyrymyz bütin döredijiligini halk köpçüligine düşnükli halky dilde beýan edendigi jähtden uly ähmiýete eýe bolup halkyň iň gymmatly mirasyna öwrülendir. Biziň bu parasatly, akyldarymyzyň III asyr bäri bize berýän öwüt-nesihatlary, parasatly sözleri ölmez ýitmezdir. Çünki, kalby söýgüden püre-pür bolan şahsyýet beýleki ynsanlary hem söýmäge ukyplydyr, öz mertebesini saklap

bilen adam ähli adamlaryň mertebesini belent göterip biler. Şahyryň öz döwründe dünýä, ynsan, ýaşaýyş barada halka ýaýan oňyn pelsepewi garaýyşlary, jemgiýetiň, adamlaryň ruhy kämilligi baradaky eden wesýetleri öz halkyna bolan çäksiz söýgüsiniň aýdyň hem ajaýyp netijesidir.

Maral Orazmyradova, Bagtygul Hanjayeva
(Туркменистан)

HEAR A GOOD WILL IN MY SPEECH...

Creative initiatives formed by the sovereign Turkmenistan on deep studying, historical reconstruction and popularization in wide scale of the richest bed of multiage national culture, language, priceless spiritual-moral property of Turkmen people surely gain international scales and wave.

The next obvious certification is the Decree of the President of Turkmenistan on widely celebration of the commemorative date 300 anniversaries of the great Turkmen thinker, philosopher and poet Magtymguly Pyragy. This event makes possible due to untired efforts and good will of Hero of Turkmenistan, National Leader of Turkmen people Gurbanguly Berdymuhamedov and highly-esteemed President of Turkmenistan Serdar Berdymuhamedov. This activity is proclaimed as one of the strategic priorities of the sovereign state development.

The genius poet and thinker are given to define the process of spiritual-moral formation of his native people. He is recognized as Owner of mind of Turkmen people. Within ages the Turkmens have been honoring him very much. Great master of the artistic word was and has been inspiratory of freedom, morality, good will and honor, love and courageous patriotism and eternal serving to the Motherland. His poems sounding a high anthem of peace and progress, spiritual unification and concordance has been tighten in genetic of Turkmen people, they overstep far beyond of geographic and national frontiers gaining fame of cultural property of global civilization.

Марал Оразмырадова, Багтыгуль Ханджаева
(Туркменистан)

В РЕЧАХ МОИХ БЛАГУЮ ВЕСТЬ УСЛЫШЬ...

Формулируемые суверенным Туркменистаном созидательные инициативы по скрупулёзному изучению, исторической реконструкции и широкой популяризации богатейшего пласта многовековой национальной

культуры, языка, бесценного духовно-нравственного достояния туркменского народа уверенно обретают международные масштабы и размах. Очередным наглядным свидетельством явилось Постановление Президента Туркменистана о широком, на международном уровне, праздновании знаменательной даты – 300-летия со дня рождения великого туркменского мыслителя, философа и поэта Махтумкули Фраги, научно-обоснованное исследование художественного наследия которого благодаря неустанным усилиям и доброй волей Героя Туркменистана, Национального Лидера Туркменского народа Гурбангулы Бердымухамедова и уважаемого Президента Туркменистана Сердара Бердымухамедова провозглашено одним из стратегических приоритетов суверенного государственного развития.

Гениальным поэтам и мыслителям дано определять ход духовно-нравственного становления своего народа. Туркмены веками почитали и ныне по праву чтут его на уровне святыни. Непревзойдённый мастер художественного слова Махтумкули был и остаётся вдохновенным вестником свободы, личностью безупречной нравственности, благородства и чести, любви и мужества, патриотизма и беззаветного служения Отечеству. Его стихотворения, звучащие высоким гимном мира и прогресса, духовного единения и согласия, прочно вплетены в генетический код туркменского народа, они шагнули далеко за пределы географических, национальных и всех иных границ, обретая славу культурного достояния глобальной цивилизации.

Muhammetgurban Orazow
(Türkmenistan)

MAGTYMGULY PYRAGY WE BEÝLEKI NUSGAWY ŞAHYRLAR BARADA ROMANLAR

XX asyryň 80–90-njy ýyllarynda türkmen roman žanrynda düýpli özgerişlik göze ilip başlady. Eger 50–70-nji ýyllarda “taryhy-rewolýusion romanlar” diýilýän eserler tapgyry ýoň bolan bolsa, 80–90-njy ýyllarda taryhy şahslara, birinji nobatda-da çeper şahslara bagyşlanan romanlar okyjylaryň kitap tekjelerine doldy. Şeýlelikde, başy Magtymgulydan gaýdan romanlar indi Nurmuhammet Andalybyň, Azadynyň, Zelilinin, Keminäniň, Zynharynyň, Seýitnazar-Seýdiniň, Mollanepesiň keşplerini şöhlelendirmäge batyrgaý ýapyşdylar. Şeýlelikde, 5–10 ýylyň içinde ençeme romanlar peýda boldy. Munuň özi beýik Magtymgulydan başga ýedi sany meşhur nusgawy şahyryň edebi keşbini döretmäge mümkinçilik berdi. Biz hem olary öz derejelerine laýyklykda yzygiderli derňemegi dogry hasaplaýarys. Ol edebiýaty öwreniş

ylmynyň kesgitleýşi ýaly şeýle tertipde gelýär: Andalyp, Azady, Şabende, Şeýdaýy, Magrupy, Seýitnazar-Seýdi, Zelili, Zynhary, Kemine, Mollanepes.

Eger Magtymgula G. Kulyýew, T. Taganow, Ö. Nepesow, Mollanepese A. Tagan, Ý. Mämmedi, Andalyba N. Altyýew we beýleki ýazyjylar, Keminä P. Skosyrew, A. Tagan, Zelilä S.Myradow, Seýitnazar Seýdä Ö. Abdyllaýew dagy ýüzlenen bolsalar, bularyň her haýsynyň özboluşly şahsyýet, özboluşly ýazyjy boluşlary ýaly, olaryň döreden keşpleriniň hem biri-birinden tapawutlary gaty kändir. Şolaryň haýsy döwre, gahrymanyna ýakyn durup, onuň ruhuny dogry açyp bilen bolsa, wagt şony hemişelik alyp galýar, beýlekilerini bolsa unudýar. Bu çeper edebiýatyň öz kanunalaýyklygy bolup, ony inkär edip biljek başga güýç ýokdur.

Edebiýatçy alym Saýlaw Myradow şahyr Zelilinin durmuşyndan "Saýgaklar" atly iki kitapdan ybarat roman ýazdy. Roman ýaş Zelilinin durmuşyndan söz açýar. Zelilinin hak daýysy Magtymguly aradan çykýar. Zelili indi aga-gara düşünmeden has saýlanan, öýli-işikli, watan-ýurt gorap bilýän, gerek ýerinde oňa ýolbaşçy bolup bilýän adam hasaplanylýar. Ine, awtor şol pursatda gahrymany orta çykarýar. Wakalar gyzykly beýan edilýar. Roman umuman, şowly çykan eser.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Andalyp, Magtymguly, Mollanepes, Kemine, Selili, Seýdi ýaly ajaýyp nusgawy şahyrlarymyza berilýän ünsiň güýçlenmegi guwandyrýar. Bu akyldarlarymyzyň ýubileý toýlary giňden bellenilýär, olaryň döredijiligine bagyşlanyp halkara maslahatlary geçirilýär, baý edebi miraslary täzeden neşir edilýär.Bu ugurda türkman halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň we Türkmenistanyň Prezidenti Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň edýän taýsyz tagallalary, goldawlary nusgawy şahyrlarymyzyň döredijiligi bilen gyzyklanýan alymlary, ýazyjylary täze açyşlara, döredijilik üstünliklerine ruhlandyrýar.

Muhammetgurban Orazov
(Turkmenistan)

NOVELS ABOUT MAGTYMGULY PYRAGY AND OTHER CLASSICAL POETS

Turkmen classical literature, headed by Magtymguly from the 18th–19th centuries, brought out great literary personalities such as Azady, Andalyb, Seydi, Kemine, Mollanepes, Zelili, Zynhary, Shabende. It is no wonder that literary portraits of these personalities are reflected in numerous works of prose. In the 80–90s of the last century, a number of images of these poetic giants were created in Turkmen fiction. In the novels of prominent writers G. Kulyyev, T. Taganov, O. Nepesov, the characters are Magtymguly Pyragy, A. Tagan, Y. Mamedi–Mollanepes

and Mametveli Kemine, N. Altyyev and G. Ellyev – Andalyb, S. Myradov – Gurbandurdy Zelili, U. Abdyllayeva – Seyitnazar–Seydi are brought to the images of bright literary personalities.

Мухамметгурбан Оразов
(Туркменистан)

РОМАНЫ О МАХТУМКУЛИ ФРАГИ И ДРУГИХ ПОЭТАХ-КЛАССИКАХ

Туркменская классическая литература, во главе которой стоит Махтумкули, дала миру целую преяду выдающихся литературных деятелей, таких как Азади, Андалиб, Сейди, Кемине, Молланепес, Зелили, Зинхари, Шабенде. В туркменской художественной литературе создан целый ряд образов этих поэтических гигантов. В романах видных писателей Г. Кулиева, Т. Таганова, О. Непесова образы--Махтумкули Фраги, А. Таган, Я. Мамедиева –Молланепеса и Мамедвели Кемине, Н. Алтыева и Г.Еллыева – Андалиба, С.Мурадова – Курбандурды Зелили, У.Абдуллаева – Сеитназара–Сейди.

Tyllagözel Öwezowa
(Türkmenistan)

MAGTYMGULYNYŇ ESERLERINDE BIR SÖZ TOPARYNDAN HASYL BOLAN OMONIMLER

Türkmen halkynyň taryhynda öňe sürýän meselesi taýyndan-da, çeperçiligi taýynda-da, dili taýyndan-da görelde bolarlyk eserleriň birnäçesi döredilipdir. Şol eserleriň dil meselesini derňemek türkmen diliniň taryhy üçin, hatda häzirki zaman türkmen dili üçin hem möhüm wezipeleriň biri bolup durýar. Şular ýaly öwrenilmegi zerur we ähmiýetli eserleriň biri-de Magtymguly Pyragynyň döredijiligidir. Ussat şahyr şygyrlarynyň çeper we akgynly bolmagy üçin dürli dil serişdelerini ulanypdyr. Pikiri güýçlendirmekde we nygtamakda söz manylarynyň hyzmaty örän uludyr. Şahyryň öz şahyrana döredijiliginiň labyzlylyk gymmatyny artdyrmak maksady bilen ulanan dil hadysalarynyň biri-de omonimlerdir.

Omonim termini grek sözi bolup, (*homos*-birmeňzeş *onyma*-at) “atdaş” diýen sözüň manysyna gabat gelýär. Olardaky tapawutlandyryjy alamatlar many aňladyş taýyndan ýüze çykýar. Magtymguly Pyragynyň goşgularynda bir söz toparyndan

bolan leksik *omonimler* örän işjeň ulanylyp, aýdyljak bolunýan pikiriň has täsirli bolmagyna hyzmat edipdir. Şu makalanyň çäginde bir söz toparyndan bolan gurt hem-de sirke sözleriniň omonimik hatarda ulanylyşyny öwrenmek göz öňünde tutuldy. Meselem, Türkmen diliniň düşündirişli sözlüginde gurt sözüniň iki many aňladýandygy bellenilýär.

I. gurt, [gu:rt] sözüniň birinji manysy *at* söz toparyna degişli bolup, ol ‹ite meňzeş çal reňkli ýyrtyjy haýwan, möjek, böri' düşünjäni berýär. Şahyr öz eserlerinde bu sözi asyl manysynda şeýle-de, öwrümli görnüşde örän ýerlikli ulanyp, birnäçe ýerde çeper beýan etmegi başarypdyr. Meselem, durmuşdaky wakalary suratlandyrmakda şol bir haýwan bolan *gurt* dürli häsiýetde ýagny, mert güýçli, bir ýerde ejize ganym, bir ýerde wagşy ýene birinde namart bilen merdi deňeşdirmkde parhly-parhly görkezilipdir:

Dura bilmez, bars nedir, *gurt* nedir.
Müň tilki ýygylsa, ýeke *gurt* bolmaz.
Şagal-tilkiler *gurt* bolmaz.

II. Gurt, [gu:rt] sözüniň ikinji manysy hem *at* söz toparyndan bolup, *ýaşyl siňegiň tohumyndan emele gelýän aýaksyz göwresi bilen süýşýän süňksüz möjejik* düşünjesini aňladýar. Şahyr "Şal tapsa" atly goşgusynda bu sözüň *gurçuk* manysy ulanyp, şygyr boýdan-başa dünýä we onuň gurluşy, zamanada höküm sürýän deňsizlik ýagdaýy möwsümleýin gawunyň halynyň üsti bilen çeper many gatnaşykda beýan edilipdir:

Agaja *gurt* düşse, gawun hal tapsa.

Şeýle-de, şahyr *gurt* sözüniň aýry-aýry manylaryny yzly-yzyna sazlaşykly getiripdir:

Urdular, aglatdylar "*Gurt* iýdi" diýip satdylar,
Niçe ýyl Eýýup pygamber tenni *gurt* iýp ýatdylar.

1) sirke *at*, 'nahara sepmek üçin hora üzüm sykylyp, turşadylyp alynýan suwuklyk', görnüşi şahyryň "Dag saýar" atly goşgusynda şeýle beýan edilipdir:

Sirke aýdar: "Bal menem".

2) sirke *at,* 'hapaçylyk sebäpli adamda döreýän bitiň tohumy, onuň taşlan ýumurtgasy', manyny aňladyşy Magtymgulynyň goşgy setirlerde duş gelýär:

Bagzy gözel *sirke* basar saçyny.

Mysallardan görnüşi ýaly, şol bir sözüň goşgy setirlerinde dürli manylarda döredijilikli ulanylmagy bolsa, eserleriň diliniň çeper, täsirli çykmagyna ýardam edipdir. Umuman, Magtymgulynyň şahyrana ussatlygy halkyň dilinde ulanylýan adaty görnüşdäki sözleriň täsirliligini güýçlendirip, çeper serişdelik derejesine ýetirip bilenligindedir.

Tyllagozel Ovezova
(Turkmenistan)

HOMONYMS FORMED FROM ONE GROUP OF WORDS IN MAGTYMGULY'S POEMS

Magtymguly Pyragy creatively used homonyms to make his poems sonorous, laconic and artistic. Words that formed homonyms can be from different word groups. They are actively used in the poet's poetry.

In the article, homonyms formed from *nouns* were revealed in the poet's poems.

Тыллагозель Овезова
(Туркменистан)

ОМОНИМЫ, ОБРАЗОВАННЫЕ ОТ ОДНОЙ ЧАСТИ РЕЧИ, В ПРОИЗВЕДЕНИЯХ МАХТУМКУЛИ

Махтумкули Фраги творчески использовал омонимы, чтобы придать стихотворениям звучность, кантиленность и художественность. Слова, образующие омонимы, могут принадлежать к разным частям речи. Они активно использовались в произведениях поэта.

В статье выделены омонимы, образованные от существительных, которые встречаются в поэзии Махтумкули.

Akmaral Sabyrowa
(Türkmenistan)

MAGTYMGULYNYŇ ŞYGYRLARYNYŇ ŽANR GÖRNÜŞLERI

Gahryman Arkadagymyz: "Magtymguly Pyragy ylmyň, edebiýatyň, dünýä medeniýetiniň özünden öňki gazananlaryny akyl eleginden geçirip, dürdäne eserleri döretdi. Beýik şahyr türkmen şygryýetiniň we türkmen diliniň taryhynda uly özgerişlikleriň başyny başlady. Onuň umumadamzat medeni-ruhy hazynasyna giren şygyrlary bu gün dünýä dilleriniň köpüsinde ýaňlanýar. Magtymguly Pyragynyň danalyga püre-pür şahyrana eserleri türkmen poeziýasyny dünýä tanatdy" diýip belleýär.

Türkmen edebiýatynyň genji-hazynasyna öwrülen akyldar şahyryň edebi mirasy, pähim-paýhasa ýugrulan ajaýyp eserleri, belent adamkärçiligiň, ylahy päkligiň, ahlagyň, mertligiň, watançylygyň ündewçisi bolup, halk arasynda söýlüp

okalýar. Beýik akyldaryň şygyrlary halkyň ruhy ahwalyny, isleg-arzuwlaryny beýan edýär.

XVIII asyr türkmen halky üçin çylşyrymly döwür bolup, Magtymguly şygyrlarynda durmuş hakykatyny özboluşly beýan edýär. Şahyr öz garaýyşlaryny, ideýalaryny halka ýetirmek üçin şygyrlaryny türkmen dilinde we türkmenleriň gadymdan bäri ulanyp gelýän goşuk (goşgy) žanrynda döredipdir.

Goşuk Orta Aziýa türki halklarynyň şygryýetinde iň gadymy we köp ýaýran žanr bolup, dürli temalarda şygyr döretmekde ygtybarly hasaplanypdyr. Şeýle çemeleşmäniň söz ussadyna gozgalýan meseläni, mümkin boldugyça, doly açyp görkezmeklige we onuň çözgüdini çeper aýdyňlaşdyrmaklyga mümkinçilik berendigini bellemelidir.

Magtymgulynyň döwrüne çenli Gündogar şygryýetinde liriki žanrlaryň ençeme görnüşinde eserler döredilipdir. Akyldar şahyryň şygyrlaryny okanyňda, bu žanrlaryň üç görnüşine: gazal, müsemmet we goşuk žanrlaryna duşmak bolýar.

Edebiýatçy alym Ahmet Bekmyradow: “Magtymguly goşugyň içinde özüni has erkin duýupdyr. Ine-gana agyp-dönmäge, özüni töwerekleýin açyp görkezmäge doly mümkinçilik tapypdyr. Elbetde, munuň özi ilkinji nobatda şahyryň uly döredijilik ussatlygy bilen hem bagly. Şeýlelik bilen, goşuk şahyryň döredijiliginde liriki žanr derejesinden has ýokary göterilipdir. Ol hut Magtymgulynyň döredijiliginde tutuş lirikany öz içine alypdyr” diýip belleýär. Şeýle-de, alym Magtymgulynyň 498 şygry öz içine alýan ýygyndysyna (Magtymguly. Saýlanan eserler. – A.: 1983) seljermäniň esasynda 433 şygrynyň goşuk žanryna degişlidigini aýdýar. Akyldar şahyryň goşgularynyň 26 sanysynyň gazal we 39 sanysynyň müsemmet žanrlarynda döredilendigini belleýär.

Goşuk žanrynda ýazylan şygyrlarda ilki bilen giriş bendi bolýar. Giriş bendindäki setirler köplenç a b a b şekilinde kapyýalaşýarlar. Kämahallar bolsa, ***a b ç b*** şekilinde hem gelýärler. Giriş bendinden soňky bentler ***a a a b; ç ç ç b; d d d b;*** şekilinde kapyýalaşýarlar. Meselem: //Ulalanda, iş hoş gelmez, Ýaşlykda köýmän ýigide. Döwlet gelse özün bilmez, Dogaly doýman ýigide; Ýamana öwüt hebesdir, Ýagşy äre bir söz besdir. Ýörişini ýalňyş basdyr, Ýaňy don geýmän ýigide. Şahyryň “Köýmän ýigide” şygryndan alnan mysaldan görnüşi ýaly, giriş bendiniň setirleri “gelmez, ýigide, bilmez, ýigide”, ýagny ***a b a b,*** yzyndan gelýan bent bolsa, “hebesdir, besdir, basdyr, ýigide” sözleri bilen, ýagny ***ç ç ç b*** görnüşinde kapyýalaşýar. Şygryň galan ýedi bendiniň setirleri hem ýokarky kapyýa sazlaşygyna eýerýärler.

Gündogar şygryýetinde has kämilleşen goşuk žanrynda döredilen bentler setirleriniň we bogunlarynyň sany, kapyýa sazlaşygy taýdan aýdym-saza örän ýakyndyr. Şol sebäpli akyldar şahyryň goşgularynyň aglabasy bagşylar tarapyndan aýdym edilip aýdylýar. Munuň özi Magtymgulynyň goşgularynyň halkyň arasyna giňden ýaýramagyna sebäp bolupdyr.

Akmaral Sabyrova
(Turkmenistan)

TYPES OF GENRES OF MAGTYMGULY'S POEMS

The epoch including the period of Magtymguly's creativity was marked by the fact that eastern poetry created works in many types of lyrical genres. In the poems of the wise poet, three kinds of these genres can be traced: ghazal, müsemmet and goshuk.

When creating his works, which absorbed his views and ideas, Magtymguly turned to the oldest and most widespread poetic genre in the poetry of Central Asian Turkic people.

Since ancient times, goshuk was considered a thorough genre for poetry creation dedicated to various themes. The strophes created in the most developed genre of poetry in Eastern poetry, by the number of lines and syllables, by the consonance of rhyme, are very close to the musical art form. In this regard, most of the poet-sage's verses are performed by Bagshy in the song form. This condition contributed to the widespread dissemination of Magtymguly's poems among the people.

It should be noted that few poems of the wise poet were written in the verse genres of ghazal and musemmet.

Along with the poet's poetry calling for unity and establishment of the state, lines of deep content, highly artistic and smooth as music, talking about different aspects of life that will always live in the minds of the people.

Акмарал Сабырова
(Туркменистан)

ВИДЫ ЖАНРОВ СТИХОТВОРЕНИЙ МАХТУМКУЛИ

Эпоха, включающая период творчества Махтумкули была отмечена тем, что в восточной поэзии создавались произведения во многих видах лирических жанров. В произведениях Махтумкули можно отследить три вида поэтических жанров: газель, мухаммас и гошук.

При создании своих произведений, впитавших его взгляды и идеи, Махтумкули обращался к древнейшему и наиболее распространенному поэтическому жанру в поэзии среднеазиатских тюркских народов.

С древних времен гошук считался основным поэтиеским. Строфы, созданные в наиболее развитом в восточной поэзии жанре поэзии, по числу строк и слогов, по созвучью рифм очень близки к музыкальной форме

искусства. В связи с этим, большинство стихов поэта-мудреца исполняются бахши в форме песни. Это способствовало широкому распространению его поэзии среди народа.

Следует отметить, что стихотворений написаны в стихотворных жанрах газель и мухаммас в количественном отношении не так много.

Jahan Saparowa, Täçnabat Gulberdiýewa
(Türkmenistan)

HALKARA MEDENI-YNSANPERWER HYZMATDAŞLYKDA MAGTYMGULY PYGARYNYŇ ORNY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen halkynyň Milli Lideriniň, Türkmenistanyň hormatly Prezidentiniň taýsyz tagallalary bilen türkmen halkynyň milli edebiýatynyň taryhynda öçmejek yz galdyran beýik akyldar, şahyr Magtymguly Pyragynyň mertebesi, sarpasy belent tutulýar.

Türkmen halkynyň beýik şahyry we akyldary Magtymguly Pyragynyň edebi mirasy dünýä medeniýetiniň umumadamzat gymmatlyklarynda özüniň mynasyp ornuny tapdy. Bu barada Milli Liderimiziň "Magtymguly Pyragy adamzada tämiz ruhly, sagdyn ahlakly, şirin zybanly, ajaýyp şygyrlary miras galdyran akyldar şahyrdyr. Bu günki gün adamzat türkmen halkynyň beýik akyldar ogly Magtymguly Pyragynyň hatyrasyny belentde tutup, beýik söz ussadynyň şygyrlaryndan egsilmez ylham, ruhy güýç alýar" diýip, belläp geçmegi hem tassyklaýar.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwleti hormatly Prezidentiniň parasatly we döredijilikli baştutanlygynda "Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy" ýylynda türkmen halkynyň beýik akyldary, şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyny halkara derejede bellenýär. Görnükli türkmen akyldary, şahyry Magtymguly Pyragy diňe bir türkmen edebiýatyny däl, eýsem, dünýä edebiýatyny hem täze derejä galdyran şahyrdyr. Ol ähli döwürleriň, ähli halklaryň kämil söz ussatlarynyň biridir. Onuň ajaýyp edebi mirasy diňe bir türkmen halkynyň, türki dilli halklaryň däl, eýsem bütin adamzadyň ruhy-medeni ösüşine saldamly goşant boldy.

Türkmen milletiniň beýik şahyry Magtymguly Pyraga Orta Aziýada we Gündogar ýurtlarynda, esasan-da, türki dilde gepleýän Türkiýe, Azerbaýjan, Özbegistan, Gazagyztan ýaly ýurtlarda ýokary baha berilýär. Häzirki wagta çenli beýik türkmen akyldar şahyrynyň eserleri, şygyrlary dünýäniň onlarça dillerine terjime edildi. Türkmen halkynyň Milli Lideriniň nygtaýşy ýaly, Magtymguly diňe

bir türkmen milletiniň buýsanjy däldir. Ol ähli türki dünýäniň guwanjydyr, biziň halklarymyza mahsus bolan asyllylygyň, mertligiň, dogruçyllygyň, açyklygyň we edermenligiň nusgasydyr.

Türki medeniýetiň halkara guramasy (TÜRKSOÝ) tarapyndan 2024-nji ýylyň "Türki dünýäsiniň beýik şahyry we akyldary Magtymguly Pyragy ýyly" diýlip yglan edilmegi, şahyryň golýazmalarynyň Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň (ÝUNESKO) "Dünýäniň hakydasy" maksatnamasynyň halkara sanawyna girizilmegi, hem-de 2024–2025-nji ýyllarda ÝUNESKO bilen bilelikde bellenilip geçiljek şanly seneleri tassyklamak boýunça kabul edilen Kararnama laýyklykda, Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygy bu seneleriň sanawyna goşulmagy beýik şahyryň döredijiliginiň umumadamzat ähmiýetine güwä geçýär.

Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzda we dünýäniň ençeme beýleki döwletlerinde Magtymguly Pyragynyň döredijiligine bagyşlanan halkara ylmy maslahatlar yzygiderli geçirilýär. Muňa mysal aýtsak, Aşgabat şäherinde geçirilen 2008-nji ýylyň maý aýynda "Magtymguly we dünýäniň ruhy medeni gymmatlyklary" atly, 2014-nji ýylyň maý aýynda "Magtymguly Pyragy we umumadamzat medeni gymmatlyklary" atly halkara ylmy maslahatlar şaýatlyk edýär.

Russiýa Federasiýasynyň paýtagty Moskwa şäherinde beýik şahyr Magtymguly Pyraga bagyşlanyp 1960-njy ýylda geçirilen dabaraly maslahata dünýäniň köp halklarynyň wekilleri gatnaşdylar. Şolardan biri – hem türk halkynyň beýik şahyry, türkmen türk halklarynyň dostlugynyň waspyçysy Nazym Hikmet türkmeniň beýik şahyry, akyldary Magtymguly Pyragy barada şeýle diýipdir: "Ýoldaşlar, gardaşlar! Uly toýuňyz gutly bolsun! Siziň toýuňyz biziň hem toýumyzdyr... Magtymguly meniň hem şahyrymdyr, onuň dili meniň dilimdir.... Gadyrdan gardaşlar! Men şahyr hökmünde Magtymguludan köp zatlary öwrenýärin. Magtymguly meniň-de atamdyr, ussadymdyr. Ol meniň we meniň bilen birlikde şu ýerde bolan ençeme şahyrlara hem iň beýik zady öwretdi, iň uly zady öwretdi. Şahyr özüniň her bir goşgusyny halk dilinde ýazyp, halkyň azatlygy hem özbaşdaklygy ugrunda söweşipdir hem göreşipdir. Şeýle etmeýän şahyr – şahyr hem däldir". Şu günki gün türk şahyry Nazym Hikmetiň sözleri doly güwä geçýär.

Jahan Saparova, Tachnabat Gulberdiyeva
(Turkmenistan)

THE ROLE OF MAGTYMGULY PYRAGY IN INTERNATIONAL CULTURAL AND HUMANITARIAN COOPERATION

In the era of the Renaissance of a New Era of a Powerful State, through the tireless efforts of the National Leader of the Turkmen people and the respected President of Turkmenistan, the great thinker and poet Magtymguly Pyragy, who left an indelible mark on the history of the national literature of the Turkmen people, is greatly respected.

The literary heritage of the great poet and thinker of the Turkmen people Magtymguly Pyragy has found a worthy place in the universal human values of world culture. In this regard, the National Leader of the Turkmen people said: "Magtymguly Pyragy is poet and thinker who left us heritage of wonderful poems. Today the whole mankind highly appreciates creative work of genius Turkmen poet deriving inspiration and strength in his poetry".

The outstanding Turkmen thinker and poet Magtymguly Pyragy is a poet who raised not only Turkmen, but also world literature to a new level. He is one of the perfect masters of words of all times and peoples. His remarkable literary heritage was a continuous contribution to the spiritual and cultural development of not only the Turkmen people, Turkic-speaking peoples, but also all humanity.

Джахан Сапарова, Тачнабат Гулбердыева
(Туркменистан)

РОЛЬ МАХТУМКУЛИ ФРАГИ В МЕЖДУНАРОДНОМ КУЛЬТУРНО-ГУМАНИТАРНОМ СОТРУДНИЧЕСТВЕ

В эру Возрождения новой эпохи могущественного государства неустанными усилиями Национального Лидера туркменского народа и Уважаемого Президента Туркменистана великий мыслитель и поэт Махтумкули Фраги, оставивший неизгладимый след в истории национальной литературы, пользуется огромным уважением.

Литературное наследие великого поэта и мыслителя туркменского народа Махтумкули нашло достойное место в общечеловеческих ценностях мировой культуры. В этой связи Национальный Лидер туркменского народа сказал: "Махтумкули Фраги – поэт и мыслитель, оставивший нам в наследство прекрасные стихи. Сегодня все человечество высоко ценит творчество

гениального туркменского поэта, черпая в поэзии великого философа и гуманиста вдохновение и душевные силы”.

Махтумкули Фраги – поэт, поднявший на новый уровень не только туркменскую, но и мировую литературу. Его замечательное литературное наследие явилось бесценным вкладом в духовное и культурное развитие не только туркменского народа, тюркоязычных народов, но и всего человечества.

Berdi Saparmyradow
(Türkmenistan)

MAGTYMGULY DÜNÝÄ HALKLARYNYŇ ŞAHYRY

Türkmen halkynyň akyldar şahyry Magtymguly Pyragy XVIII asyrda ýaşap, dünýä halklaryny agzybirlige, dost-doganlyga, adalata çagyrdy. Şahyryň sesi tutuş türkmen ülkesiniň üsti bilen aýlanyp, Ýewropa, Merkezi Aziýa, Uzak Gündogara, Arabystan ýarym adalaryna çenli ýaýrady. Magtymgulynyň Ýewropada giňden tanalmagynda Gündogary öwreniji alymlaryň bitiren hyzmatlary hem uludyr. Olardan Aleksandr Hodzko, Iwan Nikolaýewiç Berezin, Arminiý Wamberi, Nikolaý Pawlowiç Ostroumow, Wasiliý Wladimirowiç Bartold, Ýewgeniý Eduardowiç Bertels, Fýodor Abramowiç Bakulin, Agafengel Ýefimowiç Krymskiý şahyryň Ýewropa yklymynda tanalmagynda döredijilikli zähmetlerini bagyş etdiler. Olar Magtymgulynyň eserlerinden bölekleri Russiýa, Angliýa, Germaniýa… ýaly ýurtlaryň ylmy jemgyýetçiligini tanyş etmekde uly hyzmatlary bitirdiler.

Magtymgulynyň öňe süren pikirlerinde umumadamzat meselesi yzygiderli işlenilipdir. Türkmen topragynyň şahyr ogly öz eserlerinde ynsan mertebesini belende galdyrmak, birek-birek bilen gadyrly gatnaşykda bolmak, mätäç kişilere goldan gelen kömegi bermek, dogry sözli bolmak, ulyny hormatlamak, kiçini sylamak, hoş gylygyň bilen özüňi ile aldyrmak ýaly adamy bezeýän ajaýyp häsiýetler çeperçilik bilen şöhlelendirilipdir.

Magtymguly Pyragy ýalançylygy, gorkaklygy, ýaman töhmeti, kişiniň hakyny iýmegi iň ýaramaz hem ýazgaryjy häsiýetler hasap edipdir. Türkmeniň akyldar şahyry adamzat meselesini çeperçilik bilen işläninde, hemme halklarda oňlanylýan sypaýy gylyk-häsiýetleri özüňe nusga edinmegi köpçülige öwüt-nesihat edipdir. Şahyryň “Delalat ýagşy” goşgusy pent-parasada eýlenipdir.

Asla adamzada ajy söz urmaň,
Pakyra-misgine delalat ýagşy.
Bahyla ugramaň, güler ýüz bermäň,
Möhüm bitirmäge kipaýat[1] ýagşy

1 Kipaýat – 1. Kömek, haýyr. 2. Ýeterlik, zehinlilik.

diýip, Magtymguly özüniň kalbyndaky ýagşy niýetlerini halk köpçüligine ýetiripdir. Şahyryň pendinde adamzadyň ahlak taýdan arassalygy, päkligi, lebzi halallygy, ugurtapyjylygy, ruhubelentligi hakynda göwnejaý pikir ýöredilýär.

Magtymguly Pyragy her bir ynsanyň mertebesiniň il içinde belent bolmagy üçin hemişe sözleýän sözüne eserdeňlik etmegini, aýtjak zadyny pikirlenmegini sargyt edipdir. Şahyryň ynsan mertebesini belende göterýän häsiýetleri hakyndaky aýdýan her bir nesihatlary okyjyny biparh goýmaýar. Magtymguly Pyragy "Ykrarsyz ärden" goşgusynda özüni ilki bilen köpçülige nusgalyk häsiýetde göz öňüne getirýär. Şondan soň şahyryň şygyr gahrymany halk köpçüligine ýüzlenip, gowy gylyk-häsiýetlere eýermäge çagyrýar.

Magtymguly, ýangyl, öçgül,
Ýa lal otur, ýa dür saçgyl,
Bir guýruksyz itdir, gaçgyl,
Nesihat ýokmaýan ärden

diýen setirlere üns berip görsek hem, munuň şeýledigi aýdyňlygy bilen aýan bolýar. Öwüt diňlemeýän ynsanyň köpçüligiň içinde abraý-mertebesiniň pese gaçýandygyny ýerlikli meňzetmeleriň üsti bilen aýdyň beýan edilipdir. Her bir halkda hem gowy häsiýetler, ajaýyp sypatlar ynsanyň bezegi hasap edilýär. Türkmen halkynda-da doganlyk milletlerde-de ynsanperwerlik, halallyk, agzybirlik, hoşsözlülik, rehimdarlyk, wepalylyk, zähmetsöýerlik häsiýetler ynsan ähliniň bezegi saýylýar.

Gündogaryň söz ussady, türkmen halkynyň akyldar ogly Magtymguly Pyragynyň edebi mirasy özüniň adamzada ýagşylygy arzuw edýändigi, dünýä halklarynyň arasyndaky dost-doganlygy ündeýändigi, birek-birege hemaýatkärlikli garaýyşlarda bolmagy wesýet edýändigi bilen çeperçilik gymmatlyga eýedir. Dana şahyr özüniň ähli edebi güýji bilen tutuş adamzada beýik ýadygärligi miras goýdy. Akyldar şahyryň döredijiliginde öňe sürlen ynsanperwer pikirler özüniň çeperçilik gymmaty bilen biziň günlerimizde-de tutuş adamzada hyzmat edýär.

Türki medeniýetiň halkara guramasy (TÜRKSOÝ) tarapyndan 2024-nji ýylyň "Türki dünýäniň beýik şahyry we akyldary Magtymguly Pyragy ýyly" diýlip yglan edilmegi türkmen halkynyň beýik şahyry Magtymguly Pyragynyň abraý-mertebesiniň dünýä ýüzünde has belende göterilendiginiň aýdyň şaýady bolup durýar. Türkmen nusgawy edebiýatynyň görnükli wekili Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllyk toý dabarasynyň halkara derejesinde giňden bellenilmegi edebiýat dostlarynyň, parahatçylyk söýüji hemme ynsanlaryň umumy baýramydyr.

Berdi Saparmyradov
(Turkmenistan)

MAGTYMGULY PYRAGY IS A POET OF ALL PEOPLE OF THE WORLD

The article tells about Magtymguly Pyragy, the master of the word, the great son of the Turkmen people, who made a great contribution to the world literature heritage. In all his poems, the poet depicts dreams and aspirations of the nation and promotes friendly relations among people. The thematic diversity of Magtymguly's poetry even more vividly testifies to its value by the poet's contemporaries and his followers. The poet, thinker and humanist left behind an invaluable legacy that is relevant and interesting today. The ideas of humanity and desire for the unity of people, characterized by high artistic depiction, serve as a model for all mankind.

Берды Сапармурадов
(Туркменистан)

МАХТУМКУЛИ ФРАГИ – ПОЭТ ВСЕХ НАРОДОВ МИРА

В работе повествуется о Махтумкули Фраги – мастере слова, великом сыне туркменского народа, внесшем огромный вклад в мировое литературное наследие. Поэт воспевает мечты и чаяния народа, пропагандирует дружеские отношения между народами. Тематическое многообразие поэзии Махтумкули еще ярче свидетельствует о её ценности для современников поэта и его последователей. Поэт, мыслитель и гуманист оставил после себя бесценное наследие, которое актуально и в наши дни. Идеи гуманизма, человеколюбия, стремление к единению народов, воплощенные с высоким художественным мастерством, служат образцом для всего человечества.

Nurgözel Saparowa
(Türkmenistan)

MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ ŞYGYRLARYNDA FRAZEOLOGIK SINONIMLERIŇ ÇEPERÇILIK HYZMATY

Magtymguly Pyragy çeper edebiýatda türkmen dilindäki sinonimlerden çeperçilik aňlatmasy hökmünde ussat peýdalanan şahyrdyr. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz "Enä tagzym – mukaddeslige tagzym" atly

kitabynda: “Biziň ene dilimiz – türkmen dili dünýäniň iň baý dilleriniň biridir. “Orhon-Ýeniseý ýazgylarynda”, “Kutadgu-Bilik” (Bagtly edýän bilim), “Diwany lugat et-türk” (Türki dilleriň diwany), “Oguznama”, “Kitaby dädem Gorkut”, “Görogly” ýaly ençeme naýbaşy eserler gadymy türkmen diliniň eserleridir, gadymy türkmen halkynyň döredijilik önümleridir. Söze baý, dile çeper, sözleýşe dilewar halkymyzyň ene dili Oguz han Türkmeniň diliniň dowamydyr. Şol dil Magtymguly ýaly akyldarlaryň zehin eleginde zerlenip, halkymyzy dünýä tanadýar” diýip aýdýar.

A.Annamämmedow “Türkmen diliniň frazeologiýasy” atly işinde A.P.Hazanowiçiň, I.I.Çernyşowanyň, M.Sidorenkonyň, L.M.Wasilýewiň, N.F.Şumilowyň, W.Mesgudowyň bu baradaky işlerine salgylanyp, sinonimleri ýasalyşy boýunça leksik, frazeologik we leksik-frazeologik sinonimler diýip, üç topara bölýär. Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde frazeologizmler işjeň ulanylýar. Meselem, Magtymguly, aýama jan, Biliň guşa, geý gazap don, Hetden aşdy bu zalym han, Ahyr tor gurmaly boldy – diýen bentdäki biliňi guşamak, gazap donuny geýmek, hetden aşmak, tor gurmak ýaly söz düzümleri frazeologizmler bolup, göçme manyda ulanylýarlar.

Dilçi alym A.Annanurow “Diliň sözlük sostawy hakynda” atly kitabynda akademik W.W.Winogradowyň durnukly söz düzümlerini frazeologik bitişmeler, frazeologik birleşmeler, frazeologik düzümler (utgaşmalar) diýen üç topara bölýändigini belleýär.

Frazeologik bitişmeleriň sinonimlik hyzmaty. Frazeologizmleriň aňladýan manylaryny olary hasyl edýän sözleriň aňladýan manylaryndan getirip çykaryp bolmazlyk frazeologik bitişmäniň esasy alamatydyr. Bu hili frazeologizmlere idiomalar, ewfemizmler girýär. Meselem, /Ýigitlik paslyny gyşa ýetirdim,/ Kämillik kiştisin derýa batyrdym, /Beýik pikre galdym, aklym ýitirdim,/Il içinde däli bolup galyp men – diýen bentde “ýigitlik paslyny gyşa ýetirmek”, “kämillik kiştisini derýa batyrmak”, “beýik pikre galmak”, “aklyňy ýitirmek”, “däli bolup galmak” durnukly söz düzümleri frazeologik bitişme bolup, garramak, wagtyňy bihuda geçirmek; jahyl galmak, ýaşlyk etmek; pikirlenmek, oýa batmak; akylyňdan azaşmak, däliremek manylaryndaky sözleriň we söz düzümleriniň ýerine olary çalşyryp ulanylýar. Şeýle-de,/Habar düşer: “Pylan kimse ötdi” diýp,/“Çyragy söndi” diýp, “Güni batdy” diýp, /“Bu dünýäden o dünýäge gitdi” diýp,/“Alla rahmet etsin!” diýip dargarlar – diýip getirilen “çyragy sönmek”, “güni batmak”, “bu dünýäden o dünýä gitmek” durnukly söz düzümleri ewfemizmlere degişli bolup, ötmek, ölmek, aradan çykmak, merhum bolmak, wepat bolmak, jan bermek, aýrylmak sinonimler hatarynyň üstüni ýetirýärler.

Frazeologik birleşmeleriň sinonimleri baýlaşdyrmagy. Bu hili frazeologizmler gündelik ulanylýan we biziň üçin olaryň manysy düşnükli bolan sözlerden hasyl bolýarlar. Olar göni we göçme manyly bolup bilýärler. Meselem, Özüne hormat

getiren,/Ärniň hyzmatyn bitiren,/Gaşyny çytman oturan/Maňlaýy gülen islärin – diýen bentde hormat getirmek, hyzmatyny bitirmek, gaşyňy çytmak, maňlaýyň gülmek söz düzümleri frazeologik birleşmelere degişlidir.

Frazeologik düzümleriň sinonimleri baýlaşdyrmagy. Bu hili frazeologizmler gündelik durmuşda ulanylýan we aňladýan manylary düşnükli bolan sözlerden hasyl bolýar, ýöne olar göçme manyda ulanylmaýar. Meselem, Eýleýip seýr-u seýrany,/Keşt etsem külli Eýrany – diýen setirlerde getirilen seýr-u seýran eýlemek, keşt etmek söz düzümleri frazeologik düzümlere degişlidir. Türkmen nusgawy edebiýatynyň halypasy Magtymguly Pyragynyň şygyrlarynda frazeologik sinonimler örän işjeň ulanylyp, olar sinonimler hatarynyň geriminiň giňemeginde özboluşly çeşme bolup durýar.

Nurgozel Saparova
(Turkmenistan)

INTERPRETATION OF PHRASEOLOGICAL SYNONYMS IN THE WORKS OF MAGTYMGULY PYRAGY

In the work of our classic poet Magtymguly Pyragy, set phrases are actively used to effectively express the meaning of the thought. For example, Magtymguly said, aýama jan,/Biliň guşa, geý gazap don,/Hetden aşdy bu zalym han,/Ahyr tor gurmaly boldy.

In this stanza, set phrases such as *"biliňi guşamak", "gazap donuny geýmek", "hetden aşmak", "tor gurmak"* are phraseological units, which are used in a figurative sense and are the main artistic linguistic means in enhancing the meaning of the poem. Although these stable verbal constructions are not accompanied by their lexical synonyms in the line, they are used instead of them, expanding the artistry of the poem, deepening the meaning of creativity. Thus, set phrases provide a great service in enriching the range of words in our language. Phraseological synonyms are very actively used in the poems by classic of Turkmen literature Magtymguly Pyragy and are a unique source for expanding the range of synonyms. The creative world of Magtymguly Pyragy, the thinker and poet of the Turkmen people, is the main source in the scientific study of the rich Turkmen language.

Нургозель Сапарова
(Туркменистан)

ИНТЕРПРЕТАЦИЯ ФРАЗЕОЛОГИЧЕСКИХ СИНОНИМОВ В ПРОИЗВЕДЕНИЯХ МАХТУМКУЛИ ФРАГИ

В творчестве нашего поэта-классика Махтумкули активно используются устойчивые словосочетания для эффективного выражения смысла выражаемой мысли. Например, Magtymguly, aýama jan,/Biliň guşa, geý gazap don,/Hetden aşdy bu zalym han,/Ahyr tor gurmaly boldy.

В этой строфе такие словосочетания как *"biliňi guşamak", "gazap donuny geýmek", "hetden aşmak", "tor gurmak"* являются фразеологизмами, употребляемыми в переносном смысле и являются основными художественными языковыми средствами в усилении идеи стихотворения. Хотя эти устойчивые словесные конструкции не сопровождаются в строке своими лексическими синонимами, они используются вместо них, расширяя художественность стихотворения, углубляя смысл художественных образов. Таким образом, устойчивые выражения играют большую роль в расширении диапазона смысловых значений в нашем языке. Фразеологические синонимы активно используются в поэтических творениях классика туркменской литературы Махтумкули и являются уникальным источником для расширения круга синонимов. Художественный мир мыслителя и поэта представляет собой уникальный материал в деле научного изучения несметных богатств туркменского языка.

Täzegül Täçmämmedowa, Annagözel Çaryýewa
(Türkmenistan)

ŞYGRYÝETIŇ RUHY SÜTÜNI

Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda türkmen halky her ýyly uly ruhubelentlik bilen garşy alýar, çünki her bir ýyl taryhy wakalara, şanly senelere beslenýär. Şol jähetden-de Gahryman Arkadagymyzyň jöwher paýhasyndan dörän ajaýyp "Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy" atly goşgusynyň ideýasyny esas edinip, 2024-nji ýylyň "Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy" ýyly diýlip yglan edilmeginde çuňňur many bar. Çünki munuň özi, ähli türkmen halkynyň ýürek arzuwy, köňül islegi bolup, Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygynyň bellenilýän 2024-nji ýylyny akyldar şahyryň edebi mirasy bilen

baglanyşdyrmak, söz ussadynyň abraý-mertebesini has belende galdyrmak türkmen halkynyň asylly maksatlaryndan wysal tapýar.

Magtymguly Pyraga tüýs ýürekden buýsanýan, watançy şahyryň ynsan-söýüjilikli garaýyşlaryndan ylham alýan Arkadagly Gahryman Serdarymyz özüniň "Ýaşlar – Watanyň daýanjy" atly kitabynda: "Magtymguly – bu mizemeýän Watan söýgüsi, halk ykbalynyň aladasy, belent häsiýetleriň gaýmagydyr.

Magtymguly – taryhy köklerden, milli däp-dessurlardan aýagyňy üzmän, döwrüň täzeçilliklerine, belent ösüşlerine uýup ýaşamakdyr.

Magtymguly şahsyýetdir, maşgaladyr, jemgyýetdir, döwletdir. Akyldar şahyrymyzyň tutuş döredijiligi şahsyýetiň, jemgyýetiň, döwletiň we tebigatyň arasyndaky sazlaşygy üpjün etmeklige gönükdirilendir.

Magtymguly – geçmişimiz, şu günümiz we geljegimizdir.

Magtymguly hem taryhdyr, hem hakykatdyr" diýmek bilen, akyldar şahyryň baý dünýägaraýşyna uly sarpa goýýar. Hakykatdan-da, akyldar şahyryň ruhy ganat berýän, ylham paýlaýan ganatly eserleri, şahyrana sözüň güýji bilen ynsan kalbyny rahatlandyrýan goşgulary halk köpçüliginiň göwnüni galkyndyrýar. Adamzady rahatlandyrmakda, ruhubelentligi berkitmekde esasy alamatlaryň mylaýym sözdedigi we ýagşy sözüň ylham paýlaýjylyk täsiriniň, ynam-ygtykat berijilik güýjüniň uly ähmiýete eýedigi şahyrana setirlere siňňitlilik bilen siňýär. Ruhubelent garaýyşlardan ylham alyp, sagdyn durmuşy, parahat ýaşaýşy baýdak edinen şygryýetiň ruhy sütüni, Gündogaryň beýik söz ussady Magtymguly Pyragyny "taraşlan" köptaraply eserleri özünden soňky döwür milli poeziýasynda kerwenbaşysy hyzmaty eýeleýär.

Dana şahyr Magtymguly döredijiliginiň ylham goruny, esasan, halk durmuşyndan alyp, adamlaryň isleg-arzuwlaryny "ölmez-ýitmez" setirlerine ornaşdyrýar, "bent tutdurmaz" joşgunly eserlerini mähriban halkyna hoşsözlülik bilen peşgeş edýär. Il arasyndaky "Ýagşylyk et-de derýa at, balyk biler, balyk bilmese, halyk biler" diýlen ajaýyp nakyl ynsanperwer şahyryň: "Magtymguly, dogry söze ten bergil", "Bir gamly görende, şirin söz bergil", "Söz – jahanda bir at bolar" kimin öwüt-nesihat beriji, hiç wagt ähmiýetini ýitirmeýän pähim-parasada baý setirlerinde giň şöhlelenme tapýar, şol dür hazynalar adamlara ruhy baýlyk eçilýär.

"Dogrusyny aýdan ýagşy" diýlen akyla eýerýän türkmen halky özi hakyndaky alada bilen ýaşan, manyly ömrüni, bütin döredijiligini il-ulsa bagyşlan ajaýyp häsiýetli watansöýüji oglunyň dürdäne sözlerini asyrlaryň çuňlugyndan, heňňamlaryň şöhratly ýyllaryndan geçirip, şu günlere çenli synmaz sütüni bilen alyp gelýär. Bu edebi ýörelgede halkyň öz öňdengörüji ogluna bolan tükeniksiz söýgüsi, beýik şahyra bolan hormat-sylagy ýaýbaňlanýar. Halk bilen bir jan, bir ten bolup, halkyň ýaşaýyş ahwalyna aýratyn üns beren, ýagşy niýetler, ajaýyp arzuw-hyýallar bilen adamlary ruhlandyran parasatly şahyr Magtymguly halkyň

aňyna ýagşy niýetleriň, bagtyýar günleriň nyşany bolup ornaýar. Hut, şonuň üçinde, beýik Magtymguly tas üç asyra golaý wagt bäri diňe bir türkmen halkynyň däl, eýsem, bütin adamzadyň öň hatarynda durup, özüniň şahyrana ussatlygy bilen ylham paýlaýar, ruhubelentligi baýdak edinen söz mülküniň şasy Magtymguly Pyragy edebi mekdep bolup ýaşamagyny dowam edýär.

Tazegul Tachmammedova, Annagozel Charyyeva
(Turkmenistan)

SPIRITUAL PILLAR OF POETRY

Under the wise leadership of President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov, the Turkmen people fill every year with great historical achievements. Every year is dedicated to some important historical event and significant date. From this point of view, there is a deep meaning in declaring 2024 “The Fount of Wisdom of Magtymguly Pyragy”. In the year that marks the 300th anniversary of the birth of the classic of Turkmen literature, whose wonderful works fill people in days of joy and hardships with beautiful dreams of a bright future, a series of major international events are scheduled in our country. Magtymguly is a symbol of purity, justice, humanism and aspirations, a man who linked his fate with the destiny of the people, and a thinker who prophetically predicted a glorious future of the people.

Тазегуль Тачмаммедова, Аннагозель Чарыева
(Туркменистан)

ДУХОВНЫЙ СТОЛП ПОЭЗИИ

Под мудрым руководством Президента Туркменистана Сердара Бердымухамедова туркменский народ каждый год встречает большими историческими победами. Каждый год посвящён какому-то важному историческому событию и знаменательной дате. С этой точки зрения есть глубокий смысл в наименовании 2024 года “Кладезь разума Махтумкули Фраги”. В год славного 300-летнего юбилея классика туркменской литературы, прекрасными произведениями вдохновлявшего людей в дни радостей и невзгод мечтами о светлом будущем, в нашей стране предусмотрено проведение череды крупных международных мероприятий. Махтумкули является символом чистоты, справедливости, гуманизма, человеком, связавшим свою судьбу с судьбой народа, мыслителем, провидчески предсказавшим ему великое будущее.

Gülzada Täşliýewa, Gülnazik Weliýewa
(Türkmenistan)

MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ DÖREDIJILIGINDE SAGDYN DURMUŞ ÝÖRELGELERINIŇ BEÝANY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň edýän atalyk aladalary şeýle-de ilki bilen ynsan saglygyny ilkinjileriň hatyrynda goýmagy halkymyzyň ýüregini joşa getirýär. Akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde hem sagdyn durmuş ýörelgesi babatynda, birnäçe temalar gozgalýar.

Akyldar şahyrymyz sözüň güýji gudraty bilen şygryýet äleminde ady arşa galandyr. Magtymgulynyň şygryýet älemi-türkmen edebiýatynyň buldurap akýan, çuňňur mana we çeper söze teşne kalplary gandyrýan çeşmesidir.

Beýik Pyragy her bir ynsanyň sagdyn pikiri bolmagy hem-de jemgyýetiň sagdyn bolmagyny arzuwlapdyr. Bu arzuw hut biziň şu günlerdäki bagtyýar günlerimizde wysal bolýar.

Akyldaryň ynamyna görä, durmuşyň hözirini görmek üçin sagdynlyk zerur diýip hasaplapdyr. Ol şonuň üçinem ýaşaýşyň diregi bolan saglygy goramaly-dygyny nygtap şeýle diýýär:

Saglygyň gadryny bilgil,
Hassa bolmazdan burun.

Şahyryň ummanlara deňelýän döredijilinde çaganyň doglan pursadyndan başlap sagdyn ösüşi, bedeniniň berkligi, on iki synasynyň abat bolmagy bilen baglanyşykly örän gymmatly maglumatlary alyp bolýar. Muňa “ Joşa ýetdiň” diýen şygryndaky:

Höküm eýledi bir Hudaý,
Dokuz sagat , dokuz aý.
On iki endam jaýba-jaý,
Süňgi ulaşa ýetdiň.

diýen setirler muňa mysaldyr.

Magtymguly atamyzyň bu pikirleri halkymyzyň arasynda perzendiň dünýä inmegi bilen baglanyşykly “on iki synasy abat çaga bolsun” diýip , edilýän dilege örän gabat gelýär. Saba säheriň sergin we tämiz howasynyň adama edýän täsiri juda ýaramly bolýar. Irden turup işden dynmagy halaýan halkymyzyň asylly ýol-ýörelgesini çyn ýürekden goldan şahyr “Jan eglenmez“ diýen goşgusynda:

Kimse säher turar irden,
Kimse baş götermez ýerden...,

diýmek bilen , irden turup hereketde bolmagyň adamyň özüni ýeňil duýmagy, şähdiniň açyk bolmagy ýaramly bolýandygyny nygtaýar. Şahyr ýaramaz endikleriň adamyň adam saglygyna zyýany hakynda manyly hem-de düşnükli äheňde beýan edýär. Munuň şeýledigine onuň " Çilimkeş" diýen goşgusyny okanyňda doly göz ýetirip bolýar.

Süňňiňi gyzdyrar, etiň gyzdyrar,
Bir nyşana budur sende çilimkeş!

diýmek bilen, bu ýaramaz nersäniň sagdynlyga zeper ýetirip, dürli nähoşlamalara eltýändigini, çilimiň ajy tüssesiniň ynsan saglygyna wehim salýandygyny anyk aýdýar. Şahyryň şygryýet älemindäki saglyk baradaky paýhas ummany her bir ynsanyň köňlünde öz ornuny tapýar.

Gulzada Tashliyeva, Gulnazik Veliyeva
(Turkmenistan)

A HEALTHY LIFESTYLE IN THE WORKS OF MAGTYMGULY PYRAGY

This article discusses the topics related to the healthy lifestyle in the works of the great poet Magtymguly Pyragy. The wise poet shares with his thoughts and insights regarding the above-mentioned topic and gives valuable advices to the man of all ages, and also guide the young generation's upbringing focusing on the healthy offspring.

Гульзада Ташлиева, Гулнаязик Велиева
(Туркменистан)

ПРИНЦИПЫ ЗДОРОВОГО ОБРАЗА ЖИЗНИ В ТВОРЧЕСТВЕ МАХТУМКУЛИ ФРАГИ

В статье рассматриваются темы, связанные со здоровым образом жизни в произведениях Махтумкули Фраги. Поэт через свои стихи излагает собственное видение и точку зрения о здоровом образе жизни, а также дает наставления людям разных возрастов, особенно акцентируя внимание на воспитании молодежи.

Döwlet Ýolow
(Türkmenistan)

MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ EDEBI MEKDEBINIŇ AÝRATYNLYKLARY

Magtymguly Pyragynyň Jemşidiň jamyny ýada salýan gyzyldan gymmatly döredijilik mirasy Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe täze rewüş, täze şöhle bilen ýalkym saçýan göz gamaşdyryjy ýyldyza öwrülip ýaýran sebitini giňeldip, öz muşdaklarynyň sanyny barha köpeldip barýar.

Magtymguly türkmen edebiýatynyň taryhynda täze bir edebi ugry esaslandyrdy. Magtymgulynyň şygyrlary öz halkylygy we hakykylygy, sadalygy we şol bir wagtda çylşyrymlylygy, gadymylygy we döwrebaplygy, çeperligi we täzeçilligi bilen dünýäniň edebiýatşynas alymlarynyň ençemesiniň ünsüni özüne çekip gelýär. Akyldar Pyragynyň döredijiliginiň aýratynlyklary barada W.Bartold: "Türki halkyýetleriň arasynda Magtymguly ýaly milli şahyrly halk diňe türkmenlerdir" diýip belleýän bolsa, A. Wamberi: "Magtymgulynyň eserleriniň biziň üçin gymmatlygy onda türkmen diliniň örän sap nusgalarynyň barlygydyr" diýmek bilen, şahyryň türkmen dilini beýgeltmekde, çeper döredijilikde ulanmakda bitiren hyzmatlaryny belläp geçýär.

Şahyryň döredijiligine Ferdöwsi, Hoja Ahmet Hemedany, Hafyz, Jamy, Hoja Ahmet Ýasawy, Nyzamy Genjewi, Omar Haýýam, Hekim Ata, Nowaýy, Bahaweddin Nagyşbendi, Sagdy, Garajaoglan, Ýunus Emre, Jelaleddin Rumy ýaly Gündogaryň meşhur danalary güýçli täsir edipdir. "Bolsam" atly goşgusynda

Abu Seýit, Omar Haýýam, Hemedany,
Firdöwsi, Nyzamy, Hafyz Perwany,
Jelaletdin Rumy, Jamy Elmany,
Olaryň ýanynda menem san bolsam.

diýmegi Magtymguly Pyragynyň olaryň döredijiligine belent sarpa goýandygy, olardan ylhamlanandygy bilen birlikde, öz adynyň şolaryň hatarynda tutulmagyny arzuw edendigine şaýatlyk edýär.

Gündogaryň meşhur akyldarlaryny özüne halypa hasaplan Magtymguly olaryň köp taraplaýyn müňbir öwüşginli döredijiligini içgin öwrenip, akyldarlaryň şygyrlaryndaky täzelikleri milli aňyýet, milli äheň, halk döredijiliginiň kämil nusgalary bilen baýlaşdyryp edebiýaty halk durmuşyna ýakynlaşdyrmagyň hötdesinden geldi. Bu bolsa türkmen nusgawy edebiýatynda täze akym, täze ugur bolup, özünden soňky ýaşan şahyrlaryň döredijiligine ýiti täsir etdi. Magtymguly Pyragy türkmen edebiýatyny halkyň ruhy-ahlak sypatlaryna laýyk gelýän filosofik garaýyşlar, durmuşy pikirler bilen baýlaşdyryp türkmen edebi mekdebiniň kemala gelmegini, bu mekdepde milli aýratynlyklarynyň döremegini gazandy.

Akyldaryň türkmeniň edebi mekdebinde döreden täze ugurlaryň, akymlaryň biri-de Magtymgulynyň edebiýaty durmuşa ýakynlaşdyranlygydyr. Bu-da şahyryň ýurduň umumy keşbini, halk durmuşyny, möhüm taryhy wakalary, döwürdeşleriniň ruhy dünýäsini özünden öňkülere garanyňda has anyk beýan etmegi başarandygy bilen subut edilýär. Akyldar şahyryň "Hyzyr gezen çölde iller ýaýylsyn, ýurt binamyz gaýym bolsun, gurulsyn" diýen setirleri onuň döwürdeşleriniň kalplarynyň törlerinde orun tutan ýürek arzuwlarynyň çeper beýanydyr.

Magtymguly öz döredijiligi bilen edebiýatyň halkylygyny, milliligini ösdürdi. Onuň goşgularynda ýatlanyp geçilýän ýer-ýurt atlary, halkyň başdan geçirýän ruhy ýagdaýlary, milli geýim-gejimleriň teswirlenýän pursatlary özüňi şol wakalara gatnaşýan halda duýmagyňy, XVIII asyr türkmen durmuşyny doly göz öňüne getirmegiňi akyldar şahyryň goşgularynyň milliligi, halka ýakynlygy bilen düşündirip bolar. "Gapyllykda duşman aldy daşymyz, dargatdy her ýana deňi-duşumyz" diýen setirleri Magtymguly Pyragynyň ýaşan çylşyrymly, galagoply döwrüniň setirlerdäki aýdyň beýanydyr.

Edebiýat dünýäsiniň beýik we mynasyp kerwenbaşysy akyldar Magtymguly Pyragy edebiýata täze keşp getirdi. Onuň döreden gahrymanlary durmuşy we zähmeti, halky we watany söýýänligi, ruhy dünýäsiniň baýlygy, batyrgaýlygy bilen tapawutlanýan adamlar. Olar Watan ugrundaky göreşlerde jan aýaman, gahrymanlygyň belent nusgasyny görkezip, şahyryň şygyrlarynda belent owaz bilen wasp edilýär.

Dana Pyragy ilkinjileriň biri bolup, öz eserlerini halkyň gepleşik dilinde beýan etdi. Bu hadysa beýik akyldaryň türkmeniň edebiýat dünýäsine girizen naýbaşy täzelikleriniň biridir. Magtymguly Pyragy türkmen diliniň baý dildigini, ony çeper döredijilikde giňden ulanyp boljakdygyny tutuş adamzat jemgyýetçiligine subut eden şahyrdyr.

Magtymguly türkmeniň edebi güýçlerini bir ýere jemläp, özünden soňky nusgawy we döwürdeş şahyrlarymyza gaýybana halypalyk etdi. Onuň döreden kämil edebi mekdebi özünden soňky döwürde giň gerim aldy. Magtymguly Pyragynyň goşgulary Seýdi, Zelili, Kemine, Mollanepes ýaly meşhur nusgawy şahyrlarymyzyň döredijiligine şamçyrag bolup nur saçdy. Magtymgulynyň miras goýan edebi ýoluny agzalan şahyrlarymyzyň hersi bir ugruny baýlaşdyrdy, kämilleşdirip, sungatyň çür depesine çykardy. Şu ýerde sözümizi takyklap aýtsak, Magtymgulynyň döreden edebi mekdebiniň Seýitnazar Seýdi watançylyk ýoluny, Gurbandurdy Zelili dosta wepalylyk, ynsanperwerlik ýörelgesini, Mämmetweli Kemine şorta sözüň täsirini we güýjüni orta çykarmak ýoluny, Mollanepes yşky söýgi ýoluny has-da ösdürip, atlaryny ebedileşdirip, türkmen edebiýatynyň öçmejek parlak ýyldyzlaryna öwrüldiler. Dana Pyragynyň döredijilik mirasy biziň günlerimizde öz ähmiýetini has-da artdyryp, dünýä jemgyýetçiliginiň üns merkezinde milli ahlak kada-kanunlarynyň jemi, belent adamkärçiligiň ýaňy hökmünde saklanýar.

Dovlet Yolov
(Turkmenistan)

FEATURES OF MAGTYMGULY PYRAGY LITERARY SCHOOL

Magtymguly founded a new literary direction in the history of Turkmen literature. Magtymguly's poems attracted the attention of many literary scholars around the world with their nationality and authenticity, simplicity and at the same time complexity, antiquity and modernity. The poet's work was strongly influenced by famous learned poets of the East, such as Firdovsi, Hoja Ahmet Hemedany, Hafyz, Jamy, Hoja Ahmet Yasavy, Nizams Genjevi, Omar Hayyam, Hekim Ata, Novay, Bahaveddin Nagyshbendi, Sagdy, Garajaoglan, Yunus Emre, Jalaleddin Rumi. One of the new directions and trends created by the thinker in the Turkmen literary school is that Magtymguly brought literature closer to the life of the people. This is evidenced by the fact that the poet was able to describe more clearly than his predecessors the general appearance of the country, the life of the people, important historical events, and the spiritual world of his contemporaries.

Довлет Ёлов
(Туркменистан)

ОСОБЕННОСТИ ЛИТЕРАТУРНОЙ ШКОЛЫ МАХТУМКУЛИ ФРАГИ

Махтумкули основал новое литературное направление в истории туркменской литературы. Стихи Махтумкули привлекли внимание многих литературоведов мира своей народностью и достоверностью, простотой и в то же время сложностью, древностью и современностью. На творчество поэта сильное влияние оказали известные ученые поэты Востока, такие как Фирдоуси, Ходжа Ахмет Хамадани, Хафиз, Джами, Ходжа Ахмет Ясави, Низами Гянджеви, Омар Хайям, Хеким ата, Навои, Бахаведдин Накшбенди, Саади, Гараджаоглан, Юнус Эмре, Джелаледдин Руми. Махтумкули приблизил литературу к жизни народа. Об этом свидетельствует тот факт, что поэт сумел яснее, чем его предшественники, описать жизнь народа, важные исторические события, духовный мир своих современников.

Hurmagül Ýuldaşewa
(Türkmenistan)

YLYM KÄMILLIGE BARÝAN ÝOLUŇ AÇARY

Mälim bolşy ýaly, her döwür beýik şahsyýetleri peşgeş beripdir. Geşmişde türkmen halky tarapyndan döredilen döwletleriň ösüşine beýik şahsyýetler, taryhcylar, edebiýatcylar uly goşant goşup, ylym dünýäsinde öçmejek yz galdyrypdyrlar. Olar bütin ömürlerinde ynsanlary akylly-paýhasly, oýlanyşykly pikir ýöretmäge, bilim-sowatlylyga çagyrypdyrlar.

Ata-babalarymyz irki döwürlerden başlap bilimiň, sowadyň zerurlygyna göz ýetirip, "Bilim bilen hikmet-altyndan gymmat", "Bilimli-uçar, bilimsiz gaçar", "Bilimli il-ozar", "Bir okana, bir dokana", ýaly onlarça parasatly sözleriň üsti bilen bilimiň, ylmyň zerurlygyny nygtapdyrlar.

Ýurdumyzyň çäklerinde ýaşap geçen alymlarymyz diňe orta Aziýa hem türkmen halkyna täsir etmän tutuş adamzat, dünýä halklary üçin nusgalyk edebiýaty döredip, ylmyň taryhynda yz galdyran şahsyýetlerdir. Her bir halkyň dünýä ylmyna goşýan goşandy bar. Türkmen topragynda dünýä inen ýa-da, gadymy ylmy ojagymyz bolan Köneürgençde, Merwde bilim-terbiýe alyp, ylmy açyşlar eden akyldarlarymyz türkmeniň dünýä ylmynda öz ornuny kesgitleýär. Türkmen topragy ylymda beýik danalary dünýä beripdir. Faraby, Ibn Sina, Al-Biruni, Al-Horezmi, Omar Haýýam, Hoja Ýusup Hemedany, Hoja Ahmet Ýasawy, Muhammet al-Gazaly, Nejmiddin Kubra, Bahaweddin Nagyşbendi, Abu Sagyt Abulhaýyr (Mäne baba) Jelaleddin Rumy, Azady, Magtymguly ýaly alymlarymyzdyr ulamalarymyz dürli ylymlaryň taryhynda yz galdyrypdyrlar.

Seljuk türkmenleriniň döwründe ýaşap geçen meşhur alym hem filosof Muhammed al-Gazalynyň ylmyň taryhynda galdyran yzlary uludyr. Onuň "Dini ylymlaryň janlandyrylyşy" atly köp jiltlik eseriniň "Ylym barada kitap" atly kitaby asyrlaryň dowamynda öz ähmiýetini ýitirmän biziň döwrümize gelip ýetipdir. Alym pikirlerini filosofik taýdan esaslandyrypdyr.

"Ýasawiýe" tarykatyny esaslandyran "Medinede Muhammet, Türküstanda Hoja Ahmet" diýlip, uly hormata eýe bolan keramatly pir Hoja Ahmet Ýasawydyr. Ol Ýusup Hemedanydan tälim alypdyr. Hoja Ahmet Ýasawynyň adamlaryň kalbyny päkläp, niýetleriniň gowy bolmagy baradaky çuň manyly hikmetleri okyjylar köpçüligine mälim.

Türkmen halkyna ruhy, ylmy hem watansöýüjilik, gahrymançylyk taýdan ýol görkeziji bolup, gadymy Köneürgençde "kubrawiler" ugruny esaslandyran Nejmiddin Kubradyr. Ulama edebiýata çuňňur düşündiriş berýän eserleriň uly toplumyny bize miras galdyrypdyr. Nejmiddin Kubra öz nesline Watana bolan söýginiň beýik nusgasyny goýan şahsyýetleriň biridir.

Jellaeddin Rumy ylma, bilime uly sarpa goýan ussat. Alym ylymly adamyň gözýetiminiň giň bolýandygyny, medeniýetli bolýandygyny belleýär. Orta asyrlaryň beýik danalarynyň biri Reşideddin Watwat özüniň "Resmi hatlar" kitabynda akyldar Jelaleddin Rumynyň ylmyna haýran galypdyr. Onuň mesnewidir rubagylaryndan ruhlanypdyr. Ony ylym ýyldyzy hasaplapdyr.

Döwletmämmet Azady bize özüniň "Wagzy-Azat" poemasyny, "Hekaýat Jaýrensar", "Rubagyýat ruhyzary we doga" eserlerini, birnäçe goşgulary miras galdyrypdyr. Akyldaryň esasy eseri bolan "Wagzy-Azat" traktaty goşgy görnüşinde ýazylan, dört bölekden ybarat uly möçberli kitapdyr. Döwletmämmet Azady meşhur "Wagzy-Azat" eseriniň bir babyny ýörite ylym-bilime bagyşlapdyr. Akyldar bu kitabyny ýazmakda Gündogaryň Firdöwsi, Nyzamy, Sagdy, Nowaýy ýaly beýik şahyrlarynyň wagyz-nesihat beriji "Şanama", "Syrlar hazynasy", "Gülüstan", "Bostan", "Haýratulebrar" ýaly poemalaryndan görelde alypdyr. Olary döredijilikli özleşdiripdir. Şeýlelikde, öz kitabyny ýazyp başlamanka dil, ylym we terbiýeçilik babatda özünde köp pikirleri jemläpdir.

Atasynyň öwüt-ündewlerinden ylmy ýörelgelerinden ruhlanan beýik Magtymguly dana pikirleri akyldar atasynyň paýhas gorunynyň dowamat dowamy bolup, şu günki günlerimizde hem ähmiýeti uludyr. Çünki, Pyragy atasyny "ylym atasy" hasaplapdyr. Ol guwanç bilen:

"Ylym öwreden ussat kyblam-pederdir"

diýmegi muny subut edýär. Magtymguly Pyragynyň filosofik garaýyşlary. Täze döwürde türkmen medeniýetini ösdürmekde Magtymguly şahyr bahasyna ýetip bolmajak işleri ýerine ýetiripdir. Onuň döredijiligi biziň halkymyzyň aňynda Gündogaryň galkynyş döwrüniň ylmynyň we filosofiýasynyň öçmejek yz galdyrandygyna şaýatlyk edýär.

Gündogary öwreniji alym, professor A.Wamberi Magtymguly hakda: "Dünýäniň ähli kitaplaryny, ylmyny gowy bilip ajaýyp zatlary döredipdir" diýip belleýär. Magtymguly Hywada, Buharada ylym alýar. Şol döwürler bu ylym ojaklarynda matematika, amaly geodeziýa, astronomiýa we başga ylymlara has uly üns berlipdir. Magtymguly öz döwründe berlen ylymlary öwrenmek bilen ony dürli hünärlerde ulanmagy we ony halka hem ýetirmekligi başaran adam bolupdyr.

Ynsanyň ruhy gözelligini dikeltmekde, ynsanperwerlige, halallyga, adamkärçilige, rehimdarlyga çagyrmakda, ylym kämillige barýan ýoluň açarydyr.

Hurmagul Yuldasheva
(Turkmenistan)

SCIENCE IS THE KEY ON THE PATH TO PERFECTION

As we know, every era has gifted great personalities. In the past, great personalities, historians and writers contributed to the development of the states created by the Turkmen people and left an indelible mark in the world of science. Throughout their lives, they called people to be intelligent, considerate, and educated.

Our scientists, who lived on the territory of the country, influenced not only Central Asia, and Turkmen people, but also created classic literature for the peoples of the whole world, and left a mark in the history of science. Every nation has a contribution for the world science. Our sages who were born in Turkmen land or received education in Merv, our ancient scientific center, and made scientific discoveries, determine their place in Turkmen world science. Turkmen land has given birth to great geniuses in science. Faraby, Ibn Sina, Al-Biruni, Al-Horezmi, Omar Hayyam, Hoja Yusuf Hemedany, Hoja Ahmet Yasavy, Muhammet al-Gazaly, Nejmiddin Kubra, Bahaveddin Nagyshbendi, Abu Sagyt Abulhayyr (Mane baba) Jalaleddin Rumy, Azady, Magtymguly are our scientists, our sages left a mark in the history of various sciences.

Хурмагуль Юлдашева
(Туркменистан)

НАУКА КЛЮЧ НА ПУТИ К СОВЕРШЕНСТВУ

Как известно, каждая эпоха дарит человечеству великих людей. Великие личности, историки, литераторы внесли свой вклад в развитие государств, созданных туркменами в прошлом, а также оставили неизгладимый след в мире науки.

Ученые, проживавшие на территории нашей страны, повлияли не только на народы Средней Азии но и на всё человечество в целом. Эти личности, которые создали классическую литературу для народов мира. Каждый народ вносит вклад в мировую науку. Мыслители, родившиеся на туркменской земле, либо те, кто получал образование в таких древних очагах науки как Мерв определяют место туркмен в мировой науке. Туркменская земля подарила науке великих мудрецов: Аль Бируни, Аль Хорезми, Фараби, ибн Сина, Омар Хайям, Ходжа Юсуп Хамаданы, Ходжа Ахмет Ясави, Неджмеддин Кубра, Джелаллетдин Руми, Азади, Махтумкули, оставивших замятный след в различных областях науки.

Gülaýym Setdarowa
(Türkmenistan)

AKYLDAR ŞAHYR MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ ŞYGRYÝETINDE DEHISTAN

XVIII asyrda ýaşap geçen türkmen halkynyň beýik akyldar şahyry Magtymguly Pyragynyň döreden şygyrlary dünýä edebiýatynda öz ornuny tapdy. Onuň eserleri orta asyrlarda ýaşap geçen Ferdöwsi (X–XI asyr), Nyzamy (XII asyr), Jelaleddin Rumy (XIII asyr), Şemseddin Muhammet Hafyz (XIV asyr), Abdyrahman Jamy (XV asyr), Nowaýy (XV asyr) ýaly Gündogaryň beýik şahyrlary bilen deňelýär.

Magtymguly Pyragynyň şygyrlary çeper, sada dilde dürli temalarda ýagny, durmuş, söygi, watana wepalylyk, agzybirlik, ahlak, mertlik-namartlyk, ylym-bilim, edep-terbiýe, gahrymançylyk barada ýazylypdyr. Şeýle hem, akyldar şahyrymyzyň şygyrlaryny okanyňda, onuň türkmen halkynyň taryhyny düýpli bilendigi duýulýar. Akyldar şahyrymyz türkmen halkynyň geçmiş taryhyny, ýer-ýurt atlary özleşdirendigini bize miras galan eserlerinden görünýär. Orta asyrlarda Türkmenistanyň günorta-günbatarynda ýerleşen Dehistan bilen şahyryň ýaşan ýerleriniň Etrek-Gürgen, Soňudagy, Gyzylbaýyryň baglanyşygy bardyr. Şol sebäpli, şahyryň şygyrlarynda Dehistanyň waspy uly many-mazmuna eýedir. Şahyryň "Soňudagy", "Gürgeniň" atly şygyrlarynda onuň ýaşan ýerleriniň tebigatynyň waspy beýan edilýär.

XVII–XVIII asyrlarda taryhda belli bolşy ýaly, türkmen halky Eýran şalarynyň, Hywa we Buhara hanlarynyň basybalyjylykly ýörişlerini başyndan geçiripdir. Rowaýatlara görä, Magtymguly Pyragy söweşleriň birinde Eýrana ýesir düşüpdir. Eýranda şahyry alyp galmak isläpdirler. Şahyr "Äleme belgilidir" "Bilmeýen, soranlara aýdyň bu garyp adymyz: Asly gerkez, ýurdy Etrek, ady Magtymguludyr" şygry hem şol pajygaly döwürde ýazypdyr we öz ýurduna dolanyp gelipdir. Şahyr danalygy, akyl-paýhasy bilen duşmany özüne maýy edip, ýurduna dolanyp gelmegi, onuň aňrybaş syýasatçy bolandygyna şaýatlyk edýär.

Türkmenistanyň günorta-günbatarynda ýerleşýän Dehistan şäheri şahyryň ýaşap geçen döwründe taşlanan harabaçylyk bolsa-da, ol öz döwründe ösen welaýat bolupdyr. Dehistanyň ösen döwri IX–XIV asyrlarda bolup, ol Orta Aziýada uly şäherleriň birine öwrülýär. Şäherde binagärlik sungaty, hünärmentçilik, senetçilik, dokmaçylyk, ylym-bilim ösüpdir. Bu ýerde ilat ekerançylyk, maldarçylyk, awçylyk, balykçylyk hojalyklaryny alyp barypdyr. Ilat şol sanda söwda bilen hem meşgul bolupdyr. Şahyryň "Hezarstana sary" atly şygrynda öz döwründe ösen Dehistanyň türkmen halkynyň kalbynda, ruhy dünýäsinde yz galdyrandygynyň mysalydyr.

“Nowruzdan seni” atly şygyrda “Salsalar mizana Balkan dagy bolmazdyr bahaň, Aýdadyr Magtymguly ähdiň ýalan, ýokdur wepaň” ýa-da “Döker bolduk ýaşymyz” şygryndaky “Türkmenler baglasa bir ýere bili, Gurudar Gulzumy, derýaýy – Nili.”, “Türkmeniň” şygrynda “Jeýhun bilen Bahry-Hazar arasy, Çöl üstünden öwser ýeli türkmeniň” diýen setirlerinde Beýik şahyryň kalbyndan joşup çykan watançylyk, agzybirlik duýgusyny duýmak bolýar.

Akyldar şahyr “Bady-sabany görsem” atly şygrynda “Dehistanyň baýrynda bady-sabany görsem. Bahaweddin Mirkulal, Zeňňi babany görsem” ýaly setirlerinde, Dehistanyň X–XIV asyrlarda ýaşap geçen sopy alymlar, bilen baglanyşýandygy hem ýerliklidir. Orta asyrlarda Dehistanda ylym-bilim ulgamynyň ösmegi netijesinde, welaýatda birnäçe alymlar kemala gelipdir. Şol ýerde ýaşan alymlar Dehistanda dünýä inip, olaryň köpüsi daşary ýurtlara syýahat edip, ylymlaryny artdyrypdyrlar. Olar türkmen halkynyň edebiýatyna, ylmyna uly goşant goşupdyrlar.

Akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň “Soňudagy”, “Gürgeniň”, “Äleme belgilidir”, “Hezarstana sary”, “Bady-sabany görsem”atly şygyrlarynda orta asyr Dehistanyň waspy beýan edilipdir. Onuň eserleri gymmatly ýazuw çeşme bolup hyzmat edýär. Magtymguly Pyragynyň dürli temada ýüzlerçe döreden şygyrlary türkmen halkynyň edebiýatynda, ruhy dünýäsinde öçmejek yz galdyrypdyr. Ol türkmen halkynyň edebiýatyny dünýä ýaýylmagyna uly goşant goşan beýik şahyrdyr.

Gulayym Setdarova
(Turkmenistan)

DEHISTAN IN THE POETRY OF POET-THINKER MAGTYMGULY PYRAGY

Poems created by Magtymguly Pyragy, a great thinker and poet of the Turkmen people who lived in the 18th century, have found their place in world literature. In the Middle Ages, there was a connection between Dekhistan, located in the southwest of Turkmenistan, and the places where the poet lived, such as Etrek-Gurgen, Sonudag, Gyzylbayyr. In the poems of outstanding poet Magtymguly Pyragy “Sonudag”, “Gurgen”, “Beloved”, “Hezarstana sary”, “Bady-sabany gorsem”, medieval Dehistan was celebrated. His works serve as a valuable written source. Hundreds of poems created by Magtymguly Pyragy on a variety of topics left an indelible mark on the literature and spiritual world of the Turkmen people. He is a great poet who made a considerable contribution to the dissemination of literature of the Turkmen people all around the world.

Гулайым Сетдарова
(Туркменистан)

ДЕХИСТАН В ПОЭЗИИ ПОЭТА-МЫСЛИТЕЛЯ МАХТУМКУЛИ ФРАГИ

В средние века существовала тесная связь между Дехистаном, расположенным на юго-западе Туркменистана, и местами, где жил поэт, такими как Атрек-Гурген, Сонудаг, Гызылбаир. В стихотворениях Махтумкули «Сонудаг», «Гурген», «Любимая», «Хезарстана сары», «Бады-сабаны горсем» прославляется средневековый Дехистан. Его произведения служат ценным письменным источником. Сотни стихотворений, созданных Махтумкули Фраги на самые разные темы, оставили неизгладимый след в литературе и духовном мире туркменского народа. Он является великим поэтом, внесшим значительный вклад в распространение туркменски литературы в мире.

MAZMUNY

V BÖLÜM
INNOWASION YKDYSADYÝET

SECTION V
INNOVATIVE ECONOMY

СЕКЦИЯ V
ИННОВАЦИОННАЯ ЭКОНОМИКА

Luka Koltaý
KRIZIS DÖWRÜNDE IŞ BILEN ÜPJÜNÇILIK BABATDA
DÖWLET MAKSATNAMALARYNYŇ
ÄHMIÝETI – WENGRIÝANYŇ MYSALYNDA 7
Luca Koltai
THE ROLE OF PUBLIC EMPLOYMENT PROGRAMS
IN TIMES OF CRISIS – THE CASE OF HUNGARY. 7
Лука Колтай
РОЛЬ ГОСУДАРСТВЕННЫХ ПРОГРАММ ЗАНЯТОСТИ
ВО ВРЕМЯ КРИЗИСА (НА ПРИМЕРЕ ВЕНГРИИ) 9
Ýelena Kudritskaýa, Dmitriý Naumow
“AKYLLY ŞÄHER” (SEBIT) INOWASION EKOULGAMYŇ DÜZÜM
BÖLEGI HÖKMÜNDE ۹
Elena Kudritskaya, Dmitry Naumov
“SMART CITY (REGION)” AS A COMPONENT
OF INNOVATIVE ECOSYSTEM. 10
Елена Кудрицкая, Дмитрий Наумов
“УМНЫЙ ГОРОД (РЕГИОН)” КАК КОМПОНЕНТ ИННОВАЦИОННОЙ
ЭКОСИСТЕМЫ 10
Aýder Nabiýew, Gaýrat Bahadirow
TÄZE GÖRNÜŞLI TEHNOLOGIK MAŞYNLARYŇ
IŞ ELEMENTLARI 12

Ayder Nabiev, Gayrat Bahadirov
WORKING BODY OF NEW DESIGN TECHNOLOGICAL MACHINES 12
Айдер Набиев, Гайрат Бахадиров
РАБОЧИЙ ОРГАН ТЕХНОЛОГИЧЕСКИХ МАШИН НОВОЙ
КОНСТРУКЦИИ 12
Gerasim Tsoi, Gafuržon Açilow
SÜÝÜMLI MATERIALY GAÝTADAN IŞLEMEK ÜÇIN TÄZE MAŞYN. 14
Gerasim Tsoy, Gafurjon Achilov
ADVANCED MACHINE FOR PROCESSING FIBER MATERIAL. 14
Герасим Цой, Гафуржон Ачилов
ПЕРСПЕКТИВНАЯ МАШИНА ДЛЯ ОБРАБОТКИ ВОЛОКНИСТОГО
МАТЕРИАЛА 14
Aýgül Maidyrowa, Indira Ikapowa
INNOWASION YKDYSADYÝETIŇ ADAM MAÝASY. 16
Aigul Maidyrova, Indira Ikapova
HUMAN CAPITAL OF THE INNOVATIVE ECONOMY 16
Айгуль Майдырова, Индира Икапова
ЧЕЛОВЕЧЕСКИЙ КАПИТАЛ ИННОВАЦИОННОЙ ЭКОНОМИКИ 16
Aýgerim Ahtursunowa, Aýhan Tleuberdinowa
INSTITUSIONAL INNOWASIÝALAR: GAZAGYSTANDA
SYÝAHATÇYLYGYŇ ÖSÜŞINE TASIRI. 18
Aigerim Akhtursunova, Aizhan Tleuberdinova
INSTITUTIONAL INNOVATIONS: IMPACT ON TOURISM
DEVELOPMENT IN KAZAKHSTAN 19
Айгерим Ахтурсунова, Айжан Тлеубердинова
ИНСТИТУЦИОНАЛЬНЫЕ ИННОВАЦИИ: ВЛИЯНИЕ
НА РАЗВИТИЕ ТУРИЗМА В КАЗАХСТАНЕ 19
Anna Tarasowa
RUSSIÝANYŇ WE TÜRKMENISTANYŇ EKOULGAMLARY:
SANLY HAKYKATA NÄME PÄSGEL BERÝÄR? 21
Anna Tarasova
INNOVATIVE ECOSYSTEMS IN RUSSIA AND TURKMENISTAN:
WHAT HINDERS A DIGITAL REALITY? 22
Анна Тарасова
ИННОВАЦИОННЫЕ ЭКОСИСТЕМЫ РОССИИ
И ТУРКМЕНИСТАНА: ЧТО МЕШАЕТ ЦИФРОВОЙ РЕАЛЬНОСТИ?. 23
Wladimir Wasilýew
Muhammetrasul Gurbanow
RUSSIÝANYŇ INNOWASIÝA ÖSÜŞINIŇ BASGANÇAKLARYNYŇ
WE GÖRKEZMELERINIŇ SELJERMESI: TÜRKMENISTAN
ÜÇIN DOSTLUKLY TEJRIBE 24

Vladimir Vasiliev
Muhammetrasul Gurbanov
ANALYSIS OF STAGES AND DIRECTIONS OF INNOVATIVE DEVELOPMENT OF RUSSIA: FRIENDLY EXPERIENCE FOR TURKMENISTAN 24
Владимир Васильев
Мухамметрасул Гурбанов
АНАЛИЗ ЭТАПОВ И НАПРАВЛЕНИЙ ИННОВАЦИОННОГО РАЗВИТИЯ РОССИИ: ДРУЖЕСТВЕННЫЙ ОПЫТ
ДЛЯ ТУРКМЕНИСТАНА 25
Dmitriý Kaşin, Ýuliýa Podgorenko, Dilmurod Tillaşaýhow
RUSSIÝADA DÖWLET TARAPYNDAN INNOWASIÝALARYŇ SATYN ALYNMAGYNYŇ SELJERMESI 26
Dmitry Kashin, Yulia Podgorenko, Dilmurod Tillashaikhov
STATE PROCUREMENT ANALYSIS INNOVATIONS IN RUSSIA 26
Дмитрий Кашин, Юлия Подгоренко, Дилмурод Тиллашайхов
АНАЛИЗ ГОСУДАРСТВЕННЫХ ЗАКУПОК
ИННОВАЦИЙ В РОССИИ. 27
Aknabat Atabaýewa
MAGLUMATLAR BABATDA YLYM UGRY BOÝUNÇA HÜNÄR DEREJELI IŞGÄRLERI TAÝÝARLAMAGYŇ TÄZE UGURLARY 28
Aknabat Atabayeva
NEW TRENDS IN PROFESSIONAL TRAINING IN DATA SCIENCE 30
Акнабат Атабаева
НОВЫЕ ТЕНДЕНЦИИ В ПОДГОТОВКЕ ПРОФЕССИОНАЛЬНЫХ
КАДРОВ В ОБЛАСТИ НАУКИ О ДАННЫХ 31
Oguljamal Geldymuhammedowa
TÜRKMENISTANYŇ BÜTINDÜNÝÄ SÖWDA GURAMASY
BILEN HYZMATDAŞLYGY 31
Oguljamal Geldimuhamedova
COOPERATION OF TURKMENISTAN WITH THE WORLD TRADE ORGANIZATION 33
Огулджамал Гельдымухамедова
СОТРУДНИЧЕСТВО ТУРКМЕНИСТАНА СО ВСЕМИРНОЙ ТОРГОВОЙ ОРГАНИЗАЦИЕЙ 33
Orazberdi Ataýew
ADAM MAÝASY – DÖWLETIŇ WE JEMGYÝETIŇ
ÖSÜŞINIŇ KEPILIDIR 34
Orazberdy Ataev
HUMAN CAPITAL IS A GUARANTEE OF THE
DEVELOPMENT OF STATE AND SOCIETY 35
Оразберды Атаев
ЧЕЛОВЕЧЕСКИЙ КАПИТАЛ – ГАРАНТИЯ РАЗВИТИЯ ГОСУДАРСТВА И ОБЩЕСТВА 36

Baýramdurdy Taýharow
YLMYŇ BANKLARYŇ IŞJEŇLIGINE TÄSIRI 36
Bayramdurdy Tayharov
INFLUENCE OF SCIENCE ON BANKING ACTIVITY. 38
Байрамдурды Тайхаров
ВЛИЯНИЕ НАУКИ НА БАНКОВСКУЮ АКТИВНОСТЬ. 38
Gulmet Penaýew
SANLY YKDYSADYÝETIŇ ZÄHMET BAZARYNA TÄSIRI 38
Gulmet Penayev
THE IMPACT OF THE DIGITAL ECONOMY
ON THE LABOR MARKET. 40
Гулмет Пенаев
ВЛИЯНИЕ ЦИФРОВОЙ ЭКОНОМИКИ НА РЫНОК ТРУДА 41
Bahar Annagurbanowa
MALIÝE AKYMLARYNY DOLANDYRMAGYŇ MEHANIZMI 41
Bahar Annagurbanova
FINANCIAL FLOW MANAGEMENT MECHANISM. 43
Бахар Аннагурбанова
МЕХАНИЗМ УПРАВЛЕНИЯ ФИНАНСОВЫМИ ПОТОКАМИ 43
Handurdy Handurdyýew
GALYNDYSYZ YKDYSADYÝET TAGLYMATYNY DURMUŞA ORNAŞDYR-
MAGYŇ ÄHMIÝETI 43
Handurdy Handurdyev
IMPORTANCE OF IMPLEMENTING THE CONCEPT
OF CIRCULAR ECONOMY 45
Хандурды Хандурдыев
ВАЖНОСТЬ ВНЕДРЕНИЯ КОНЦЕПЦИИ
ЦИРКУЛЯРНОЙ ЭКОНОМИКИ 45
Aknur Koçumowa, Çemen Kakalyýewa
ÄTIÝAÇLANDYRYŞ IŞINI ÖSDÜRMEGIŇ
DÜNÝÄ TEJRIBESI. 46
Aknur Kochumova, Chemen Kakalyeva
WORLD PRACTICE OF INSURANCE BUSINESS
DEVELOPMENT. 47
Акнур Кочумова, Чемен Какалыева
МИРОВАЯ ПРАКТИКА РАЗВИТИЯ
СТРАХОВОГО БИЗНЕСА 48
Şemşat Saparowa
TÄZE YKDYSADY ŞERTLERDE KÄRHANALARYŇ
MALIÝE BAZARLARYNA MAÝA GOÝUMLARY. 48
Shemshat Saparova
INVESTMENTS IN THE FINANCIAL MARKETS
OF ENTERPRISES IN THE NEW ECONOMIC CONDITIONS 50

Шемшат Сапарова
ИНВЕСТИЦИИ НА ФИНАНСОВЫХ РЫНКАХ ПРЕДПРИЯТИЙ В НОВЫХ ЭКОНОМИЧЕСКИХ УСЛОВИЯХ 50
Jeren Hanaýewa, Selimberdi Hojaberdiýew
DÖWLET GULLUKÇYLARYNY TAÝÝARLAMAK ULGAMYNY KÄMILLEŞDIRMEK INNOWASION YKDYSADY ÖSÜŞIŇ KEPILIDIR 51
Jeren Hanayeva, Selimberdy Hojaberdiev
IMPROVING THE SYSTEM OF TRAINING CIVIL SERVANTS IS THE KEY TO INNOVATIVE DEVELOPMENT OF THE ECONOMY 53
Джерен Ханаева, Селимберды Ходжабердыев
СОВЕРШЕНСТВОВАНИЕ СИСТЕМЫ ПОДГОТОВКИ ГОСУДАРСТВЕННЫХ СЛУЖАЩИХ – ЗАЛОГ ИННОВАЦИОННОГО РАЗВИТИЯ ЭКОНОМИКИ . .53
Çary Şallyýew
BIOYKDYSADYÝETDE ÖNÜMÇILIK INFRASTRUKTURASYNY ÖSDÜRMEGIŇ MÜMKINÇILIKLERI 53
Chary Shallyyev
OPPORTUNITIES FOR DEVELOPMENT OF INDUSTRIAL INFRASTRUCTURE IN THE BIOECONOMY 55
Чары Шаллыев
